**S. D. Annaberdiýew**

# HIRURGIK STOMATOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

Täzeden işlenen ikinji neşir

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

UOK 616.3
A 61

**Annaberdiýew S. D.**
**A 61** **Hirurgik stomatologiýa.** Täzeden işlenen ikinji neşir. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

Okuw kitabynda häzirki zaman lukmançylyk ylmynyň hirurgik stomatologiýada gazananlary beýan edilýär. Kitapda hirurgik stomatologiýada kömek bermekligiň guralyşynyň, näsagy barlamaklygyň we agyrysyzlandyrma geçirmekligiň meseleleri, äňleriň, ýüzüň we boýnuň çişme keselleri, şikesleri we zeperlenmeleri, çişleri we çişe meňzeş keselleri, kemtikleri we gyşarmalary boýunça geçirilýän dikeldiş amallary barada giňden maglumat berilýär.

Hirurgik stomatologiýa dersiniň okuw maksatnamasy esasynda ýazylyp, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň talyplaryna niýetlenen bu okuw kitabyndan amaly lukmançylyk ulgamynda işleýän dürli hünärli lukmanlar, degişli orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarydyr mugallymlary hem okuw gollanmasy hökmünde peýdalanyp bilerler.

TDKP № 94, 2007 KBK 56.6

© S. D. Annaberdiýew, 2007.
© S. D. Annaberdiýew, 2019.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Dünýäde her bir ynsan üçin bilimleri özleşdirmekden, ylym öwrenmekden beýik zat ýokdur.*

# GIRIŞ

Hirurgik stomatologiýa boýunça okuw kitabynyň taýýarlanylmagy hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Watanymyzy ösen derejelere ýetirmek we halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmak üçin alyp barýan bimöçber işleriniň jemgyýetiň dürli ugurlarynda bolşy ýaly, bilim we saglyk pudaklaryndaky Maksatnamalaryň hem durmuşa geçiriländiginiň bir alamatydyr.

Hirurgik stomatologiýa kitaby ýurdumyzyň ýokary lukmançylyk bilimi boýunça okuw-usuly merkez bolan Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň ortopedik we hirurgik stomatologiýa kafedrasynda taýýarlanyldy we onda bu hünär boýunça täze kadalar, keselleriň toparlara bölünişi, anyklaýyş we bejergi usullary jemlenip, dünýä derejesinde gazanylan tejribeler hem öz mynasyp ornuny tapýar.

Kitabyň täzeden işlenen ikinji neşiri (ilkinji neşiri 2007-nji ýylda çapdan çykdy) lukmançylyk ylmynyň we amalynyň gazananlarynyň nukdaýnazaryndan beýan edilýär. Hirurgik stomatologiýanyň giriş bölüminde (hünäriň ösüşiniň taryhy, gatnaw we ýatymlaýyn bejergi bölümleriniň işiniň guralyşy, agyrysyzlandyrma, diş sogurmaklyk) umumy kabul edilen esaslar we kadalar bilen bilelikde täzelikler we maslahatlar getirilýär. Stomatolog-lukmanyň işiniň gurnalyşy beýan edilen bölümde hünärmeniň öz işinde ýörelge edinmeli esasy ugrukdyryş resminamalary, ahlak kadalarynyň we deontologiýanyň esaslary berilýär.

Çişme keselleri beýan edilende, keseliň sebäplerine, döreýşine, keseliň anatomiýasyna, geçişine, anyklaýyş we her bir kesel görnüşiniň bejergisine, şeýle hem dikeldiş we öňüni alyş esaslaryna ýeterlik üns berilýär. Çişme keselleriniň arasynda gabat gelýän periodontit, periostit, äň osteomiýelidi, absses, flegmona, limfadenit we ş.m. ýaly keseller diş sebäpli döreýän kesellerdir. Okuw kitabynda olaryň häzirki zamanda geçiş ýagdaýynyň aýratynlyklary barada durlup geçilýär. Hirurgik bejergä bolan görkezmelere we garşy görkezmelere, amaly usullaryna, netijelerine, gaýrüzülmelerine we çaklamasyna aýratyn üns berilýär. Köpsanly başga keseller bilen bir hatarda Türkmenistan üçin häsiýetli çişme keseli, ýüzüň deri peşehordasy ilkinji gezek beýan edilýär.

Okuw kitabynda äň-ýüz töwereginiň şikesleri we zeperlenmeleri häzirki zaman nukdaýnazaryndan ýazylyp, anyklaýşyň we bejerginiň adaty ýaýran usullary, türkmen we daşary ýurt hirurg-stomatologlaryň tejribesi beýan edilýär. Ýüzüň we äňleriň utgaşykly şikesleri, ok degen ýaralanmalary, bileleşen zeperlenmeler, ýanyklaryň dürli görnüşleri, sowuk almaklygy we olary bejermegiň häzirki zaman usullary barada durlup geçilýär. Ýüzüň Gün şöhlesiniň täsiri zerarly ýanyşy ilkinji gezek beýan edilýär.

Okuw kitabynda çişleriň we çişe meňzeş keselleriň anyklanylyşynyň we bejergisiniň, yzygiderli gözegçiliginiň we şunuň ýaly keseli bolan näsaglaryň köpsanly toparynyň saglygyny dikeltmegiň esasy ugurlary beýan edildi. Amallaryň esasy usullary, şeýle hem şu kesellerde geçirilýän toplumlaýyn bejergi barada umumy düşünje berildi.

Ýüzüň we äňleriň dikeldiş hirurgiýasyna ýeterlik üns berlip, hirurgik bejerginiň, äň-ýüz töwereginiň kemtiklerini dikeltmegiň we gyşarmalary düzetmegiň täze usullary beýan edildi.

Okuw kitaby hirurgik stomatologiýa ugry boýunça geljekki hünärmenlere nazary we amaly meseleleri öwrenmäge mümkinçilik berer.

# I BAP
# HIRURGIK STOMATOLOGIÝA. MAZMUNY WE BEÝLEKI LUKMANÇYLYK UGURLARY BILEN BAGLANYŞYGY. HIRURGIK STOMATOLOGIÝANYŇ ÖSÜŞ TARYHY

Hirurgik stomatologiýa – stomatologiýanyň kesel bejeriş ugrunyň biri bolup, bejeriş usullarynyň toplumyny talap edýän, dişleriň, agyz boşlugynyň synalarynyň, ýüzüň we boýnuň ýumşak dokumalarynyň, ýüz süňkleriniň hirurgik kesellerini we şikeslerini öwrenýär. Şu usullaryň arasynda hirurgik usul esasy bolup durýar.

Hirurgik stomatologiýa stomatologiýanyň beýleki kärleri bolan: terapiýa, ortopediýa, çaga stomatologiýasy bilen ysnyşykly baglanyşykda bolup, olar bilen anyklaýşyň we bejerginiň umumy usullaryny peýdalanýar. Bu aragatnaşyk dişleriň, agyz boşlugynyň synalarynyň we äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň we olardaky özara ösüş kesel hadysalaryň gurluş-ýerleşiş we fiziologik birligi bilen şertlenýär. Stomatologik keselleriň toplumlaýyn bejergisi kähalatlarda yzygiderli geçirilýän terapewtik, hirurgik we ortopedik stomatologiýanyň bejeriş usullaryndan ybarat bolýar.

Hirurgik stomatologiýa lukmançylygyň beýleki ugurlary: iç keselleri, hirurgiýa, gulak-burun-bokurdak, göz keselleri, nerw keselleri, şöhle anyklaýyş we şöhle bejergisi bilen arabaglanyşyklydyr. Bu onuň ösmegine we kämilleşmegine ýardam eder. Hirurgik stomatologiýa şol bir wagtda tebigat ylymlarynyň – fizikanyň, himiýanyň we düýpli lukmançylygyň birnäçe bölümleriniň: kadaly we ýerleşiş anatomiýasynyň, kadaly we kesel fiziologiýasynyň, mikrobiologiýanyň, kesel anatomiýasynyň, dermançylyk ylmynyň, amaly hirurgiýanyň we ş.m. ugurlaryň gazananlaryna esaslanýar.

Hirurgik stomatologiýa ugrunyň keselleri sebäpleriniň, keseliň döreýşiniň, kesel gurluşynyň, geçişiniň we amal bejergisiniň aýratynlyklaryna baglylykda birnäçe topara bölünýär:

1. Dişleriň, äňleriň, ýüz we boýun dokumalarynyň, agyz boşlugynyň synalarynyň çişme keselleri. Olara diş sebäpli çişme keselleri (ýiti we üznüksiz periodontit, äňiň ýiti periostiti, äňleriň osteomiýelitleri, abssesler we flegmonalar, limfadenitler we ş.m.), dişleriň kynlyk bilen çykmagy, ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli çişmesi; mahsusy çişme keselleri (aktinomikoz, inçekesel, merezýel, peşehorda), diş sebäpli däl (çyban, dokuz donly, beze çişmesi, otbaş, suwjarýan çüýreme we ş.m.) we tüýkülik mäzleriň çişme keselleri degişlidir. Olar ýygylygy boýunça stomatologiýa merkeziniň (saglyk öýüniň) we hirurgik stomatologiýa ýatymlaýyn bejeriş bölüminiň şertlerinde duş gelýän keselleriň arasynda ilkinji ýeri eýeleýärler;

2. Agyz boşlugynyň synalarynyň, ýüzüň, ýüz süňkleriniň gelip çykyşy boýunça ok degen däl şikesleri, ok degen ýaralanmalary, şeýle hem şöhle täsiri netijesindäki bileleşen zeperlenmeler, dürli sebäpli ýanyklar we sowuk almagy degişli bolýar;

3. Ýüzüň, äňleriň we agyz boşlugynyň synalarynyň çiş we çişe meňzeş keselleri, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň (*BSGG*) keselleriň halkara toparlara bölünişigine laýyklykda olaryň anyklamasynyň häzirki zaman usullary degişlidir;

4. Ýüzüň, äňleriň doga we soňra dörän kemtikleri we gyşarmalary.

Hirurgik stomatologik keseller gyssagly hirurgik amallary (ýiti çişme keseller we şikesler, şol sanda olarda döräp bilýän dem alyş bozulma, gan akma, şok we ş.m.) we tertip boýunça meýilleşdirilen amallary (üznüksiz çişme keseller, şikesler, çişler we çişe meňzeş keseller, ýüzüň kemtikleri we gyşarmalary, doga kemislikler we ösüş nädogrulyklary we ş.m.) talap edip bilerler.

Stomatolog lukman işiniň esasy ugruna garamazdan, başaýlanma ýagdaýynda, kollapsda (çaşmaklykda), şokda, komada, ýürek we dem alyş ýetmezçiliginde, ýürek muskulynyň infarktynda, ýokary basyşly gan aýlanyş bozulmasynda, garaguş keseliniň tutgaýynda, bedeniň ýokary duýgurlyk ýagdaýynda, ýiti şikesde, şol sanda ýanykda, ýylan çakanynda, zäherlenmelerde we başgalarda gaýragoýulmasyz kömek bermegi başarmalydyr.

Stomatolog lukmanyň başarmaly amallarynyň arasynda kekirdegi deşip dem bermek amaly aýratyn orun eýeleýär.

Hirurgik stomatologiýanyň ösüş ýoly lukmançylygyň beýleki kärleriniň ösüş ýollaryny görkezýär we onuň her bir döwri durmuş-jemgyýetçilik gurluşyň, ykdysadyýetiň, ylmyň, medeniýetiň ösüş derejesi bilen kesgitlenilýär.

Hirurgik stomatologiýa umumy stomatologiýanyň aýrylmaz bir bölegi bolmak bilen, ol diş lukmançylygyna degişli bolan diş hirurgiýasynyň hem-de umumy hirurgiýanyň bölümi bolan äň-ýüz hirurgiýasynyň birleşmekligi netijesinde, esasan, XX asyryň ikinji ýarymynda kemala geldi.

Diş sebäpli döreýän kesellerde äňleriň öýjükli ösüntgilerinde we dişlerde geçirilýän amallary öz içine alýan diş hirurgiýasy uzak wagtyň dowamynda diňe diş sogurmak görnüşinde amala aşyrylypdyr. Diş sogurmaklyk amaly gadym zamanlardan bellidir. Onuň bize belli bolan ilkinji beýanyny Gippokrat (b.e. öň V asyr) ýazypdyr. Ol wagtlar diňe yrgyldaýan dişler sogrulypdyr we gurşundan ýasalan atagzylar ulanylypdyr. Onuň görnüşi Delfde (Gresiýa), Apollon ybadathanasynda saklanýar.

Birnäçe asyrlaryň dowamynda dişleriň we agyz boşlugynyň hirurgiýasy, diş lukmançylygynyň bölümleriniň biri bolup galmak bilen, haýal ösýär.

Asyrlaryň dowamynda hirurgik stomatologiýa kömegi stomatologiýanyň we lukmançylygyň beýleki ugurlary bilen bir hatarda tebipler, ussalar, mollalar, senetçiler we ş.m. tarapyndan hirurgik (yrgyldaýan dişleri sogurmaklyk, ýüzleý iriňli ojaklary ýarmaklyk we ş.m.) we hirurgik däl usullar görnüşinde (ýapgylar goýmak,

okamak, doga we duz bermek we ş.m.) berlip gelinýär. Hemme ugurlarda bolşy ýaly, lukmançylykda hem, hususan-da, diş we äň-ýüz hirurgiýasynda ilkinji, özboluşly bejergi synanyşyklary Gündogarda geçirilen. Şeýle-de, «hindi usuly» diýlip atlandyrylýan, maňlaýda döredilen aýaklyja kesim bölegi bilen burun kemtigini düzetmek amaly bellärliklidir.

Diş we äň-ýüz hirurgiýasyna degişli ilkinji we örän düýpli işler dünýä lukmançylygyna badalga beren şahs Abu Aly ibn Sina (980-1037) degişlidir. Ol öz tejribesine we Günbatar edebiýat çeşmelerine esaslanyp ýazan «Lukmançylyk ylmynyň kanunlary» atly işinde diş we äň-ýüz hirurgiýasyna degişli köpsanly keselleriň sebäpleri, geçişleri, bejergi usullary we öňüni alyş çäreleri barada ýazyp geçipdir. Ol äň-ýüz töwereginiň ýumşak dokumalarynda, dişlerde, äňlerde we ýüzüň başga synalarynda duş gelýän çişme we çiş keselleri, şikesleri, ýanyklary barada ýazypdyr. Käbir plastiki amallar we başgalar barada durup geçipdir, onuň teklip eden bejergi usullary häzirki gün hem öz wajyplygyny saklaýar. Bellemeli zatlaryň biri-de, onuň dişleriň, agyz boşlugynyň başga synalarynyň, ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we süňkleriniň jikme-jik gurluşyny hem beýan edenligidir. Ol diş sogurmaklygyň usulyny, aşaky äňiň çykygyny we döwügini, burun süňkleriniň döwügini hem-de bejergisini, äň-ýüz töwereginiň çişme kesellerinde ýyladyjy ýapgylary ulanmagy we soňra özi ýarylmadyk ýagdaýynda kesmegi, diliň gysga ýarçygynyň amal we amalsyz bejergi usullaryny, tüýkülik mäzleriň kistalarynyň bejergisini, başga-da, köpsanly keselleriň bejergi usullaryny teklip edýär. Aşaky äňiň döwüklerinde berkitmek üçin altyn simleri ulanýar. Abu Aly ibn Sinanyň işleri lukmançylyk ylmy, şol sanda hirurgik stomatologiýa üçin örän ähmiýetlidir we häzirki güne çenli hem wajyplygyny ýitirmeýär.

Seýit Ysmaýyl Gürgenli (1042–1137) orta asyr türkmen tebipçiliginiň görnükli wekili bolup, özüniň köptaraply lukmançylyk işinde hirurgik stomatologiýa keselleri we olaryň bejergisi barada hem gymmatly maglumatlary «Tebipçiligiň ýan kitaby» we başga eserleriniň üsti bilen miras goýýar. Ol tüýkülik mäzleriň çişme keselleriniň geçişini beýan edipdir we olaryň bejergisini işläp düzüpdir, ýüz nerwleriniň çişmesiniň, diliň flegmonasynyň özboluşly geçişini we bejergisini, döwükleriň, ýüzüň şikes we iriňlän ýaralarynyň, ýanyklarynyň bejergisini teklip edýär. Seýit Ysmaýyl Gürgenli keselleriň anyklanmasyna aýratyn üns beripdir we bu babatda ol «Tebip ilki keseliň umumy häsiýetini, soň görnüşini, sypatyny we sebäplerini anyklap bilse, ol keseli bejermegiň emini hem çalt tapar. Eger tebip şu ýoldan gapyl bolsa we oňat baş çykaryp bilmese, onuň keseli dogry anyklamagy we bejermegi mümkin däl» diýip, belläp geçipdir.

«Pygamber tebipçiligi» diýen eseri bilen belli bolan orta asyr türkmen tebibi Muhammet Gaýmaz Türkmen (XIII asyr) äň-ýüz töwereginiň we agyz synalarynyň köpsanly keselleriniň öňüni alyş we bejergi usullaryny, agyz boşlugynyň arassaçylygyny berjaý etmekligiň ýollaryny teklip edýär. Ol «Eger-de agyzda ýara döre-

se, onda agyz boşlugynda altyn teňňe saklamaly» diýip, gymmat bahaly metallaryň ýokançlara garşy täsirini öňdengörüjilik bilen beýan edipdir.

Jelaletdin Hydyr (1417-nji ýyl aradan çykan) «...lukmançylyk bilen baglanyşykly kiçiräk bir kitap taýýarladym we bu kitapda hassa adamlarda ýüze çykýan alamatlara we kesellere garşy ulanylýan däri-dermanlary beýan etdim» diýip salgylanýan «Dertlere derman» kitabyny ýazypdyr. Bu orta asyr türkmen alym lukmany şol döwürlerde memluk türkmenleriniň döwleti bolan Kairde «Daruttybbiýe» (Şypa öýi) diýlip atlandyrylan, döwrüniň iň uly we tölegsiz hassahanasynda baş hekim bolup işläpdir. Ol öz kitabynda iki ýüz töweregi keselleriň, şol sanda diş, agyz we ýüz keselleriniň döreýiş sebäplerini, alamatlaryny, olary bejermegiň ýollaryny we öňüni alyş çärelerini beýan edýär.

Beýik-beýik döwletleri, hanlyklary döreden türkmen halkynyň orta asyryň soňlarynda dagynyklyga we döwletsizlige uçramaklygy tutuş lukmançylyk ylmyna oňaýsyz täsir edýär.

Orta asyrdan başlap, lukmançylyk ulgamyndaky ösüş ilki Ýewropa, soňra bolsa Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna geçýär.

«Burnuň italýança dikeldilişi» adyny alan usul – golda döredilýän kesim bölegi bilen geçirilýän dikeldiş amallar XV asyryň I ýarymynda italiýaly Antoniý, soňra bolsa XVI asyryň II ýarymynda Talýakossi tarapyndan berjaý edilýär we bu bellibir derejede äň-ýüz hirurgiýasyna itergi berýär. Şeýle hem diş bejermekligiň ösmeginde öz döwründe doly derejede kämil bolmadyk diş sogurmaklyk üçin gurallary ýasan, diş sogurmaklyga gökezmeleri kesgitlän, birnäçe amallary, şol sanda dişiň täzeden oturdylmagyny hem işläp düzen XVI asyr fransuz hirurgi Ambruaz Pareniň işleri wajyp ähmiýetli bolýar.

Özüniň stomatologiýa boýunça ilkinji gollanmasynda diş bejermekligiň hirurgik meselelerini beýan eden, stomatologiýanyň düýbüni tutujy Pýer Foşaryň işi Fransiýada XVIII asyrda diş bejermekligiň hirurgik bölüminiň ösmegi üçin uly ähmiýetli bolýar. Şeýle hem 1820-nji ýylda Jemesonyň ýokarky äňi doly kesip aýyrmagy, Mortonyň ilkinji bolup, 1846-njy ýylda efiri diş sogurmakda ulanmagy, 1861-nji ýylda Langenbegiň kentlewük ýarygyny hirurgik usul bilen ýapmagyň esaslaryny beýan etmegi, 1865-nji ýylda Ý. K. Şimanowskiniň «Adam bedeniniň üstündäki amallar» işiniň çykmagy, 1892-nji ýylda Parç tarapyndan äňlerde sistotomiýa we sistektomiýa amallarynyň teklip edilmegi, 1895-nji ýylda W. K. Rentgeniň soňra öz ady bilen atlandyrylan ionlaşdyryjy şöhläni açmagy we onuň esasynda dürli görnüşli anyklaýyş enjamlaryň oýlanyp tapylmagy hem-de lukmançylyk işinde ulanylmagy, 1905-nji ýylda Eýnhorn tarapyndan nowokainiň teklip edilmegi we hirurgiýada giňişleýin ulanylmagy, 1915–1916-njy ýyllarda diş lukmany S. S. Tigerşted tarapyndan äňleriň ok degen döwüklerinde egreldilen sim seýikler bilen äň

böleklerini berkitmegiň teklip edilmegi, 1916-njy ýylda göz lukmany W. P. Filatowyň ýüzüň (aşaky gabagyň) kemtigini düzetmek üçin baldak şekilli kesim bölegini teklip etmegi, 1946-njy ýylda A. A. Limbergiň ýerli plastikanyň matematiki esaslaryny işläp düzmegi we köpsanly başga açyşlar, oýlap tapyşlar hirurgik stomatologiýanyň özbaşdak ugur görnüşinde kemala gelmeginde uly ýardam bolýar.

Türkmenistanda stomatologiýanyň, şol sanda hirurgik stomatologiýanyň ösüşi Russiýanyň, soňra bolsa ozalky Sowet Soýuzynyň stomatologiýadaky we hirurgik stomatologiýadaky ösüşine bagly bolupdyr. 1917-nji ýyla çenli Türkmenistanda bary-ýogy 4 sany diş lukman hususy iş alyp barypdyr we olaryň berýän kömegi diňe ilatyň käbir gatlagyna elýeter bolupdyr.

Sowet häkimiýeti berkarar edileninden soňra diş lukmanlarynyň sany artyp başlapdyr we 1928-nji ýyla çenli olar 11-e ýetipdir, uly şäherlerde: Aşgabatda, Maryda, Türkmenbaşyda we Daşoguzda diş lukmançylyk otaglary we diş ussahanalary döredilipdir.

Hirurgik stomatologiýa kömegini gowulandyrmakda 1935-nji ýylda Aşgabatda açylan Respublikan Diş lukmançylyk mekdebi bellibir orun tutýar we 30 ýylyň dowamynda bu mekdebi 1350 diş lukmany tamamlapdyr. Diş lukmanlarynyň sanynyň köpelýändigine garamazdan, hirurgik stomatologiýa kömegi umumy kabul edişlikde – gatnaw şertlerinde berlipdir we «hirurg stomatolog» hünärmeni hökmünde hiç birisi hem işlemändir. Hirurgik stomatologiýa, esasan, äň-ýüz töwereginiň çişme kesellerinde we şikeslerinde lukman kömegini başardygyndan umumy ugurly hirurglar beripdirler.

Türkmenistanly diş lukmanlarynyň birnäçesi Ikinji jahan urşuna gatnaşypdyrlar.

Türkmenistan Russiýa birleşdirilenden soň, tä 1958-nji ýyla çenli milli işgärler meselesine kän bir üns berilmändir we diňe şol ýylda stomatologiýadan ýokary bilim almak üçin ozalky Sowet Soýuzynyň başga şäherlerine türkmenleriň arasyndan hem okuwa ugradylyp başlanypdyr.

60-njy ýyldan başlap, hirurgik stomatologiýa kömegi stomatologiýanyň terapiýa we ortopediýa kömekleri bilen bir hatarda özbaşdak görnüşde, aýratyn otaglarda we hünärmen lukmanlar tarapyndan berlip başlanýar. Ýatymlaýyn hirurgik kömegini bermek üçin, Türkmenistanyň uly şäherleriniň (Aşgabat, Türkmenbaşy, Mary, Balkanabat, Serdar, Daşoguz, Kerki) keselhanalarynyň hirurgik bölümlerinde 5–15 näsag üçin ýatym ýerler bölünip berilýär.

1964-nji ýylda TDLI-niň stomatologiýa kafedrasynyň we fakultetiniň döredilmegi, Türkmenistanda stomatologiýanyň, şol sanda hirurgik stomatologiýanyň hem özbaşdak lukmançylyk ugry we hünäri hökmünde emele gelmeginde aýgytlaýjy wakadyr. Açylanynyň ilkinji günlerinden başlap, kafedranyň mugallymlar düzümi milli hünärmenler bilen doldurylýar. 1965-nji ýylda Kardiologiýa ylmy-bejeriş

merkezli hassahananyň düzüminde (ozalky N. I. Pirogow adyndaky Respublikan kesel bejeriş hassahanasy) ýatymlaýyn hirurgik stomatologiýa bölümi açylýar. Ýene bir bellemeli wakalaryň biri 1977-nji ýylda hirurgik stomatologiýa kafedrasynyň (şol sanda terapewtik stomatologiýa we ortopedik stomatologiýa kafedralarynyň hem) özbaşdak edilip döredilmegidir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallasy netijesinde TDLU-nyň düzüminde Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetiniň we onuň bilen bilelikde Stomatologiýa boýunça diplomdan soňky taýýarlyk kafedrasynyň açylmagy (2012), uniwersitetiň düzüminde Stomatologiýa okuw-önümçilik merkeziniň döredilmegi (2013), Çaga stomatologiýasy kafedrasynyň açylmagy (2014) Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe lukmançylyk ylmyny we bilimini ösdürmek boýunça alnyp barylýan bimöçber işleriň aýdyň subutnamasydyr. Köp ýyllaryň dowamynda W.W. Dadalýan (1966–1979), S. K. Nurýagdyýew (1980–1984), K. R. Sarkisow (1979–1980, 1984–1986), K. Mämmedow (1986-1991, 1996–1997), A. I. Orazwaliýew (1991–1996), A. O. Gurbanow (1999–2000), T. A. Atdaýew (2000–2017) kafedra müdiri bolup işlediler.

Ýurdumyzda hirurgik stomatologiýanyň kemala gelmeginde we ösmeginde stomatologiýanyň bu ugrunda ylmy, okuw, terbiýeçilik işinde, ilata anyklaýyş we bejergi kömegini bermekde we gurnamakda Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň akademigi Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň, professorlar W. W. Dadalýanyň, G. P. Paşaýewiň, dosentler K. Mämmedowyň, A. I. Orazwaliýewiň, K. R. Sarkisowyň, L. A. Grigorýansyň, M. B. Begiýewiň, lukmançylyk ylymlarynyň kandidatlary T. S. Hudaýnazarowyň, N. A. Agabalaýewiň, Z. I. Kazimowyň, S. Ö. Öwezowyň we mugallym O. A. Annaýewanyň, amaly iş lukmany G. M. Muhadowyň we O. Aşyrowyň zähmetlerini belläp geçmek gerek.

Hirurgik stomatologiýa boýunça Türkmenistanda äň-ýüz töwereginiň çişme kesellerine we şikeslerine bagyşlanan alymlyk ylmy dereje üçin birnäçe ylmy işler ýerine ýetirildi.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda lukmançylygyň özbaşdak kesel bejeriş we ylmy ugry hökmünde hirurgik stomatologiýa diňe soňky 45–50 ýylyň dowamynda döredi, ösdi we ylmy-amaly taýdan kämilleşdi diýsek, ýalňyşmarys. Häzirki wagtda Watanymyzda lukmançylygyň bu ugry boýunça okuw, ylmy we amaly merkezi bolup, TDLU-nyň Ortopedik we hirurgik stomatologiýa kafedrasy (1997-nji ýylda birleşdirilen) hyzmat edýär.

Häzirki wagtda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ilatyna berilýän hirurgik stomatologik kömegi ýatymlaýyn görnüşinde paýtagtdaky we welaýat merkezlerindäki (Daşoguz) köpugurly hassahanalarynyň düzümindäki ýöriteleşdirilen bölümlerde we hirurgik stomatologik näsaglar üçin ugurdaş bölümlerde bölü-

nip berlen ýatym ýerlerde (Balkanabat, Mary, Türkmenabat), şeýle hem gatnaw bejeriş görnüşinde Stomatologiýa merkezlerindäki, saglyk öýlerindäki hirurgik bölümlerde we otaglarda, diş bejeriş otaglarynda berilýär.

Ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda tutuş lukmançylygyň we hususan-da stomatologiýa ulgamynyň özgerdilmeginde we täzeden gurnalmagynda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň stomatologiýa fakultetiniň, Stomatologiýa merkeziniň we Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň ýolbaşçysy bolup uzak ýyllaryň dowamynda zähmet çeken Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ägirt uly işleri ýatandyr. Aýdylanlara Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe dünýä ülňülerine gabat gelýän köpsanly ajaýyp lukmançylyk merkezleri bilen birhatarda Kelle we boýun kesellerini bejeriş halkara merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň açylmagy, TDLU-nyň düzüminde Stomatologiýa okuw-önümçilik merkeziniň döredilmegi we beýleki köpsanly il we ýurt bähbitli işler mysal bolup biler.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda hirurgik stomatologiýa ylmynyň öňünde äň-ýüz töwereginiň çişme keselleri, şikesleri, çişleri hem-de kemtikleri we gyşarmalary bolan näsaglara öňüni alyş, anyklaýyş we bejeriş kömegini dünýä derejesinde bermeklik boýunça örän uly we jogapkärli wezipeler durýar.

# II BAP ILATA HIRURGIK STOMATOLOGIÝA KÖMEGINIŇ GURALYŞY

## 2.1. ILATA SAGLYK ÖÝÜNIŇ (STOMATOLOGIÝA MERKEZINIŇ) ŞERTLERINDE HIRURGIK STOMATOLOGIÝA KÖMEGINI BERMEGIŇ GURALYŞY

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 2003-nji ýylyň dekabr aýynyň 30-yndaky №155 buýrugy esasynda düzüminde hirurgik stomatologiýa bölüm ýa-da hirurgik otag bolan merkezi we welaýat Stomatologiýa merkezlerini döretmek göz öňünde tutulan.

Şäherlerde we etraplarda Stomatologiýa merkezleri ýa-da saglyk öýleriniň düzüminde diş bejeriş bölümleri bolýar. Olaryň düzüminde bolsa, hirurgiýa otaglary göz öňünde tutulan hem-de näsaglara degerli kömek berilýär. Aşgabat şäherinde we welaýat merkezlerinde Stomatologiýa merkezleriniň düzüminde gijeki diş bejeriş otagy göz öňünde tutulan.

Senagat kärhanalaryň, önümçilik birleşikleriň saglyk bölümlerinde, ýöriteleşdirilen çaga hassahanalarynda näsaglara hirurgiýa kömegi hirurgiýa otaglarynda (diş bejeriş bölüm bolanynda) ýa-da näsaglaryň umumy kabul edilýän diş bejeriş otaglarynda berilýär. Berilýän kömek kesel öňüni alyş çärelere ugrukdyrylan häsiýetli bolýar.

Ỳokarda agzalan buýruga laýyklykda oba ýerlerinde Merkezi etrap hassahanalarynda diş bejeriş otaglary döredilen bolmalydyr: olarda hemme stomatologik keselleriň, şol sanda hirurgik keselleriň bejergisi hem geçirilýär.

Stomatologiýa merkeziniň (diş bejeriş bölüminiň) hirurgik bölümi (otagy) gurnalanda şu aşakdakylar: ol ýerde bejergi aljak ilatyň sany, kömek beriljek ilatly ýeriň meýdany (çäkleri), ilat düzüminiň aýratynlyklary, jaýlary meýilleşdirmegiň kesel ýaýramazlyk-arassaçylyk talaplary, stomatologiýa merkeziniň (diş bejeriş bölüminiň) derejesine baglylykda işgärleriň düzümi, hassahananyň we Stomatologiýa merkeziniň (diş bejeriş bölüminiň) enjamlarynyň sanawy göz öňünde tutulmalydyr.

Bölüminiň (otagyň) işiniň oňat bolmagyny üpjün etmek üçin işgärler dogry seçilip alynmalydyr we ýerli-ýerinde goýulmalydyr, her bir işgäriň gulluk borçlary we tutuş bölüminiň (otagyň) iş göwrümi berk kesgitlenilen, şeýle hem resminamalar ýöredilýän bolmalydyr.

Hirurgik bölüminiň (otagyň) jaýy. Stomatologiýa merkeziniň hirurgik bölümi meýilleşdirilende «Stomatologiýa ugurly gatnaw şertli bejeriş, saglyk öý edaralarynyň gurnalyşynyň, enjamlarynyň we ulanylyşynyň, zähmeti goramaklygyň we işgärleriň hususy arassaçylygynyň düzgünleri» boýunça esaslandyrylýar. Stomatologiýa merkezleriň düzüminde guralýan hirurgik diş bejeriş bölüm azyndan 5 otagdan ybarat bolmaly diýlip görkezilýär (*1-nji surat*):




*1-nji surat*. Hirurgik stomatologiýa bölüminiň taslamasy:
1 – umumy agyrysyzlandyrma (bihuş) otagy; 2 – näsaglaryň amaldan soňra wagtlaýyn bolýan otagy; 3 – amal otagy; 4 – amal otagynyň öň ýanyndaky otag; 5 – zyýansyzlandyryş otagy; 6 – hirurgik stomatologiýa otagy; 7 – rentgen surat çykaryş otagy; 8 – rentgen otagy; 9 – hirurgik bölüminiň müdiriniň otagy; 10 – näsaglaryň garaşýan ýeri (otagy)

- näsaglaryň garaşýan otagy, 4 näsagy göz öňünde tutup, her biri üçin 1,2 $m^2$ meýdan bolmalydyr. Stomatologiýa merkeziniň umumy otagynda ýa-da ýörelgede garaşmaklaryna ýol berilýär;

- amal otagynyň öň ýanyndaky otagyň meýdany azyndan 10 $m^2$ bolmalydyr;

- amal otagy, bir diş bejeriş oturgyçly (amal sekili) bolanynda azyndan 23 $m^2$ meýdanly, her goşmaça diş bejeriş oturgyjy (amal sekisi) goýlanda 7 $m^2$ goşulmalydyr;

- zyýansyzlandyryş otagy, azyndan 8 $m^2$ meýdanly;

- näsaglaryň amaldan soňra wagtlaýyn bolýan otagy.

Stomatologiýa merkezlerinde hirurgiýa otagy azyndan 3 bölekden ybaratdyr (*2-nji surat*):

*2-nji surat*.
Hirurgik stomatologiýa otagynyň taslamasy: 1 – näsaglaryň garaşýan ýeri; 2 – amal otagynyň öň ýanyndaky otag; 3 – amal otagy; 4 – zyýansyzlandyryş otagy



- howasyny çekýän tekjeli otag, azyndan 10 $m^2$ meýdanly; gurallary zyýansyzlandyrmak, gerek zatlary taýýarlamak, işgärleriň taýýarlanmaklary (ellerini ýuwmaklygy, geýim çalşyrmak) üçin;

- amal otagy – dişleri sogurmaklyk we gatnaw şertlerindäki beýleki amallary geçirmeklik üçin bir diş bejeriş oturgyç üçin azyndan 14 $m^2$ meýdanly we her bir goşmaça diş bejeriş oturgyç üçin 7 $m^2$ meýdanly.

Saglyk öýlerinde düzüminde hirurg-stomatolog lukman wezipesi bolan diş bejeriş bölümlerinde özbaşdak hirurgik otaglar işlemelidir. Stomatologiýa merkezleriniň (bölümiň) hirurgik otaglarynyň (amal geçirilýän, amal otagynyň öň ýanyndaky, sargy goýulýan) diwarlary yşsyz, tekiz bolmalydyr; diwarlar azyndan 1,8 *m* beýiklige çenli, amal otagynda bolsa tutuş beýikligine polihlorwinil, poliestirol örtgüli ýa-da syrça örtgüli bolmalydyr.

Otaglarda poliwinilhlorid düşek (linolium) ýa-da keramiki bölejikler, amal otagynda bolsa, polimersement garyndy, keramiki örtgi ýa-da mermer düşelen bolmalydyr.

Amal otagy, bu otagyň öň ýanyndaky we zyýansyzlandyrylýan otaglarda jaýyň ýokarky diwary suwly-emulsion ýagly ýa-da ýagly reňkler çalnan bolmalydyr. Gapylaryň we penjireleriň gyralary tekiz, çyglanyp süpürmeklige elýeter bolmalydyr.

Stomatologiýa merkezlerinde hirurgik otaglarynda suw akdyryş, merkezi ýyladyş we ýyly suw üpjünçilik ulgamy çekilen bolmalydyr.

Hirurgik otaglarda ýylyň sowuk wagtynda howanyň ýylylygy 18-23°C bolmalydyr. Otaglar adaty aýlanyşyk bilen howa getirýän we soryan howa çalşygy bilen üpjün edilen we howa çalşygy üçin kiçiräk penjireler bolmalydyr.

Hemme otaglaryň adaty yşyklandyrylyşy we iki sany emeli yşyklandyrylyş bolmalydyr. Olaryň birisi bildirilýän talaplara görä umumy we beýlekisi ýörite lukmançylyk çyralary görnüşinde iş üçin niýetlenýär. Hirurgik otagyň mebeli açyk nitroemal bilen reňklenen bolmalydyr. Iş sekilleriniň üstlerini aýna, nitroemal reňk ýa-da nitrolak çalnan plastiki material bilen örtýärler.

Hirurgik stomatologiýa bölümlerinde (otaglarynda) çyglanylyp, ýuwup geçirilýän arassaçylyk günde iki gezek geçirilmelidir: irki we öýlänki iş çalşygynyň arasynda hem-de her bir iş gününiň soňunda. Şunuň ýaly arassaçylyk geçirilende mebel, diwarlaryň aşaky bölekleri, penjiräniň öňi we ýer sabynly gyzgyn suw bilen ýuwulmalydyr. Hepdede bir gezek ähli otaglaryň tutuşlaýyn ykjam arassaçylygyny geçirmek zerur. Otaglaryň ýokançlylyk barlagy olaryň arassaçylyk ýagdaýyna baha beriş usuly bolmalydyr.

Stomatologiýa merkezleriniň hirurgik bölümleriniň (otaglarynyň) işgärleriniň iş birlik kadalary. Iş birlik kadalary Türkmenistanyň *SG* we *DSM*-niň 2003-nji ýylyň 30-njy dekabrynda çykan № 155 buýrugy esasynda kesgitlenilýär hem-de onda 10 müň sany uly ýaşly şäher ilaty üçin 2 wezipe diş bejeriji lukman, hirurg diş lukman göz öňünde tutulan (Merkezi stomatologiýa merkezi üçin). Bu buýrugyň esasynda 10 müň sany uly ýaşly oba ilaty üçin 1 wezipe diş bejeriji lukman, hi-

rurg diş lukman göz öňünde tutulan (welaýat stomatologiýa merkezi üçin). Çaga diş lukmanlarynyň 10 müň sany çaga ilata 1 wezipe birligi (diş bejeriş lukmanlary, hirurglar we ortodont-lukmanlar). Olaryň arasynda hirurglaryň sany kömek üçin ýüz tutmalara bagly bolup durýar. Düzüminde 12 iş birlikli hirurgiýa bölümi bolan Stomatologiýa merkezlerde bölüm müdiri üçin goşmaça bir iş birlik bölünip berilýär. Hojalyk hasaplaşygynda ýa-da ýörite serişdeleriň hasabyna işleýän bölümleriň 6-dan az bolmadyk lukmanlaryna 1 iş ýer bölüm müdiri wezipesi kesgitlenilýär.

Hirurgik otaglarda işleýän hirurg stomatologlar bejeriş-kesel öňüni alyş bölümiň müdirine tabyn bolýarlar. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň № 155 2003-nji ýyldaky buýrugy boýunça bir anesteziolog lukmanlaryň wezipesi bir anesteziolog otagyna 1 wezipe birligi hasabyndan kesgitlenýär, rentgenolog lukmanyň 1 iş birlik wezipesi 25 stomatolog lukman wezipesine bölünip berilýär.

Şepagat uýalarynyň (doganlarynyň) iş birlikleri her hirurg stomatolog wezipesine 1 sany hasapdan kesgitlenýär. Kiçi saglygy goraýyş işgärleriniň iş birlikleri her 4 lukman wezipesine 1 sany hasapdan kesgitlenilýär. Hojalyk hasaplaşygynda ýa-da ýörite serişdeleriň hasabynda maliýeleşdirilýän gaýragoýulmasyz (gijeki) gullugyň otagynyň şepagat uýalarynyň we kiçi saglygy goraýyş işgärleriniň wezipeleri diş lukmanlaryň 1,0 wezipesine olaryň hersi üçin 1,0 wezipe birligi hasabyndan bellenilýär.

### 2.1.1. Hirurgik bölümiň (otagyň) enjamlaşdyrylyşy

Täze açylan Stomatologiýa merkeziniň hirurgik bölümi (otagy) abzallar, gurallar, geýim-gejim we mebel bilen enjamlaşdyrylanynda «Diş bejeriş merkezleriniň wezipe tertibiniň kadasy» (Türkmenistanyň *SG* we *DSM*-niň 30.12.2003 ý. № 155 buýrugy, №11 goşundy) göz öňünde tutulyp, Türkmenistanyň *SG* we *DSM*-niň buýrugy bilen tassyklanan hassahanalaryň we saglyk öýleriniň enjamlarynyň sanawyna esaslanmak gerek.

### 2.1.2. Hirurgik bölümiň (otagyň) işiniň guralyşy

Hirurgik bölümiň (otagyň) işiniň netijeli bolmagy, köplenç, ýörite taýýarlykly hünärmenler bilen üpjün edilenligine we olaryň zähmetiniň guralyşyna baglydyr. Stomatologiýa merkezinde lukmanlaryň işiniň tertibi düzüleninde, eger-de iş gününiň her çalşygynda 2-3 hirurg lukman işe çykýan bolsa, onda her iş çalşygynda (irki we öýlänki) has tejribeli lukmanyň we heniz tejribesi köp bolmadyk lukmanyň bile işlemekligini göz öňünde tutýarlar. Bu ýaş lukmanyň tejribeli lukmandan tälim almagy we näsaglary görkezip maslahatlaşmagy üçin gurnalýar. Stomatologiýa merkezlerde, saglyk öýlerinde iş gününiň her çalşygynda bir hirurg işleýän bolsa, onda iş gününiň haýsy çalşygynda köp näsag kabul etmeli bolsa, olaryň has tejribelisi hem şonda goýulýar.

### 2.1.3. Bejeriş işiniň guralyşy

Gecirilýän hirurgik bejeriş çäreleriniň göwrümi we häsiýeti bölümde işleýän hirurglaryň hünärmen derejesine bagly bolup durýar. Stomatologiýa merkeziniň (saglyk öýüniň) şertlerinde diňe soňra özbaşdak ýa-da garyndaşlarynyň kömegi bilen öýüne gidip biljek näsaglarda amallar geçirilýär. Stomatologiýa merkezleriniň (saglyk öýleriniň) şertlerinde iň köp ýaýran amal diş sogurmak bolup durýar. Stomatologiýa merkezindäki (saglyk öýündäki) çylşyrymly amallara aşakdakylar degişli: ýalňyş çykan, ýarym çykan, çykmadyk dişleri sogurmak, ýiti periostitde, osteomiýelitde, absseslerde, iriňli limfadenitde iriňli ojagyň hirurgik arassaçylygyny geçirmek; ýumşak dokumalaryň şikes ýaralaryna tikin goýmak; ýüz süňkleriniň döwük böleklerini düzetmek, äňleriň döwüklerinde berkitme geçirmek, aşaky äňiň çykygyny salmak. Sanalan amallaryň aglabasyny gyssagly ýagdaýda geçirýärler.

Stomatologiýa merkeziniň (saglyk öýüniň) bölüminde tertip boýunça hem aşakdaky amallar geçirilip bilner: dişleri täzeden oturtmak we implantasiýa, diş köküniň ujuny kesip aýyrmak, äň-ýüz töwereginiň ýumşak we süňk dokumalarynyň uly bolmadyk howpsuz çişlerini we çişe meňzeş kesellerini kesip aýyrmak, barlag üçin dokuma bölegini kesip almak, äňleriň kistalary boýunça amallar, akabadaky tüýkülik daşyny aýyrmak. Şeýle hem ýumşak dokumalaryň we äňleriň öýjükli ösüntgileriniň sähelçe gyşarmalary boýunca ýönekeýje plastiki amallar, çüýrän süňk böleklerini aýyrmak, özge jynslary aýyrmak, dişýany dokumalaryň keselleri boýunça amallary berjaý edýärler.

Hirurgik bölümdäki iş näsaglary kabul ediş otagynyň taýýarlygyndan başlanýar. Otagyň arassaçylyk ýagdaýy barlanylýar. Iş gününiň her çalşygynyň öňünden şepagat uýasy iki sany zyýansyzlandyrylan arassa seki taýýarlaýar, olaryň biri gurallar üçin, beýlekisi bolsa sargy serişdeleri üçin niýetlenendir. Otagda iki sany şepagat uýasy bolanynda, olaryň biri arassa sekiniň ýanynda işleýär, beýlekisi bolsa lukmana näsag kabul etmäge kömek edýär. Eger otagda bir şepagat uýasy işleýän bolsa, onda ol arassa sekiniň başynda ýörite uly gysgyjyň kömegi bilen (el degirmezden) işleýär. Lukman ozal ýazylan näsaglar bilen garaşylýan ýerde tanşanyndan soňra, şepagat uýasy olary kabul etmekligiň tertibini kesgitleýär: agyr we bedeniniň ýokary gyzgyny bolan näsaglar ilkinji nobatda kabul edilmelidirler, galan hemme näsaglary ýazylyş tertibinde kabul edýärler.

Ilkinji gezek ýüz tutýan näsaglar hirurgiýa bölümine bellikhananyň üstünden, şeýle hem terapiýa we ortopediýa bölümlerinden gelip bilerler. Näsagy otaga diňe lukmançylyk kesel depderçesi bolan ýagdaýynda çagyrýarlar. Lukmançylyk kesel depderçesi, ugradyş haty, şeýle hem näsagda bar bolan lukmançylyk resminamalary bilen tanşanyndan soňra, lukman näsagyň hal-ýagdaýyny sorap we barlap başlaýar, gerek bolanynda gurallar bilen çylşyrymly bolmadyk barlaglar geçirýär hem-de anyklamagyň beýleki usullaryna (rentgen, terapiýa, ortopediýa we seljeriş barlaglaryna) ugradýar.

Hirurgik bejergi gerek bolanynda lukman onuň wagtyny, göwrümini, geçiriljek ýerini, näsagy amala taýýarlamagyň tertibini kesgitleýär.

Näsagyň ýörite taýýarlanylmagyny talap etmeýän amallar şol wagtyň özünde hirurgik otagda berjaý edilip bilner. Çylşyrymly bolmadyk amallar hem hirurgik otagda ýa-da amal otagynda (amalyň göwrümine baglylykda) berjaý edilýär.

Tertip boýunça geçirilýän amallar ýörite göz öňünde tutulan amal gününe bellenilýär. Amallaryň sanyna baglylykda, hepdede 1-2 ýa-da 3 gün amal güni diýlip, bellenilip bilner.

Hemme maslahatlar we bejergi bellikleri bejeriş edaranyň ýörite resminamalaryna ýazylyp berilýär. Näsagy barlamagyň maglumatlary hem-de bejergi çäreleri we lukmanyň bellikleri, bejerginiň netijeleri lukmançylyk kartasyna geçirilen bolmalydyr. Näsagyň ýüz tutmalary hemişe ýörite kitapçada bellenilýär. Resminamalary doldurmakda lukmana şepagat uýasy kömek edýär. Näsag gaýtadan gelmeli bolanynda oňa kabul edilýän otagyň belgisi, güni we wagty, şeýle hem kabul etjek lukmanyň ady we atasynyň ady görkezilen bellik kagyzy berilýär. Gaýtadan gelmeli edilen näsagyň lukmançylyk kesel depderçesi lukmanyň otagynda ýörite ýerde saklanylýar. Kabul etmek tamamlanandan soňra, gaýtadan bellenilmedik näsaglaryň lukmançylyk kartalary bellikhana tabşyrylýar. Näsagy öýünde bejermek meselesi ýüze çykanynda, bölüm tarapyndan lukman, gerek bolanynda bolsa, şepagat uýasy hem bellenilýär we olar öý şertlerinde mümkin bolan bejergi çärelerini geçirýärler.

### 2.1.4. Amal otagynyň işiniň guralyşy

Amal otagyny işe taýýarlamak bilen şepagat uýasy bellenilen amallaryň sanawy bilen tanyşýar, olar üçin gerek bolan gurallary saýlap alýar hem-de işiň öňünden olary zyýansyzlandyrýar. Soňra iki sany: biri sargy serişdeleri üçin, beýlekisi bolsa şol gün gerek bolan ähli gurallar üçin zyýansyzlandyrylan arassa seki taýýarlaýar. Näsag amal otagyna (diş bejeriş oturgyjyna) geçirilmezinden öňünçä şepagat uýasy şu amal üçin ähli gerek gurallary goýup, kiçi gural sekisini taýýarlaýar. Amaly geçirmek üçin hirurga gerek bolan kömekçiniň ornuny tejribeli şepagat uýasy, bir ýyllyk hünärmen taýýarlygyndaky lukman ýa-da hünärmen okuw amalyndaky talyp çalşyp biler.

Stomatologiýa merkeziniň (bölüminiň) hirurgik bölüminde we otagynda ýörite bölünip berlen otag bolmadyk ýagdaýynda, amallar hirurgik otaglarda berjaý edilip bilner. Diňe amal güni tertip boýunça näsaglar bolmadyk halatynda şunuň ýaly etmek bolar ýa-da işiň başynda berjaý edip bolar.

Diş bejeriş otagynda garyşyk kabul edişlik ýagdaýynda işlenende, hirurgik amallary örän az geçirmek göz öňünde tutulmalydyr.

Paýtagtymyzdaky Stomatologiýa merkezleri, adatça, hünär boýunca maslahat beriş-usuly merkez bolup durýar. Şeýle Stomatologiýa merkezleriniň hirurgik bölüminde saglyk öýleriň lukmanlary, uly bolmadyk diş bejeriş bölümlerinde we otaglarynda işleýän etrap lukmanlary tarapyndan ugradylan näsaglara maslahat berilýär. Mundan başga-da, Stomatologiýa merkezlerine maslahat beriş işi üçin yl-

my-bejeriş edaralaryň we ýokary okuw mekdepleriň hirurg stomatologlary berkidilýär, bu bolsa maslahat beriş işiniň hilini ýokarlandyrýar.

Ilatyň arasynda tertip boýunça geçirilýän keselleriň öňüni alyş häsiýetli yzygiderli bejeriş gözegçiligine we hasaba alyş işlerine gatnaşmak hirurgik bölümiň (otagyň) işiniň wajyp bölegi bolup durýar. Türkmenistanyň *SG* we *DSM*-niň 10.01.2001-nji ýyl №10 buýrugynda «Stomatolog lukmanda yzygiderli gözegçilikde bolup bejergi hasabyna alynmaly adamlaryň ülňi taslamasy» getirilen we onda hirurg stomatologa degişlilikde hem görkezmeler bar. Taslamada keselleriň görnüşleri, gözegçiligiň ýygylygy, seljeriş we beýleki anyklaýyş barlaglaryň atlary we ýygylygy, esasy bejeriş we sagaldyş çäreleriň hasapda saklap geçirilişiniň netijeliliginiň kesgitlenişi görkezilýär. Näsaglary sagaltmak boýunça geçirilýän toplumlaýyn çäreleriň arasynda hirurgik bejeriş çäreleri wajyp orun tutýar.

## 2.2. ÝATYMLAÝYN BEJERGI GEÇIRILÝÄN HIRURGIK STOMATOLOGIÝA BÖLÜMINIŇ IŞINIŇ GURALYŞY

Ýatymlaýyn bejeriş bölümi hassahanalaryň şertlerinde hirurgik ýa-da hirurgik däl bejergini talap edýän äň-ýüz töwereginiň keseli bolan näsaglary barlamak we bejermek üçin niýetlenen. Ýatymlaýyn şertlerindäki bejergä stomatolog lukmana ýüz tutýan ähli näsaglaryň 1,5%-i mätäçlik çekýär. Äň-ýüz töwereginiň käbir kesellerinde näsaglar tiz kömek gullugynyň üsti bilen gaýragoýulmasyz ýagdaýda hassahana ýerleşdirilip bilner. Bulara absess, flegmona, ýiti şikes, ýüz süňkleriniň döwügi, gan akma we ş.m. degişli. Şeýle hem ýatymlaýyn hirurgik stomatologik bejergi bölümine şikesleriň gaýrüzülmeleri, doga şikesli, çişler boýunca näsaglar ýerleşdirilýär. Olar tertip boýunça geçirilýän degişli amallary talap edýärler. Bu näsaglarda hassahana ýerleşdirilmezden öňürti Stomatologiýa merkeziniň (saglyk öýüniň) şertlerinde agyz boşlugynyň hökmany sagdynlaşdyryş çäreleri geçirilýär. Ýatymlaýyn bejergi bölüminde ýokary derejeli hirurg stomatologlar işlemelidirler. Bular, esasan, lukmançylyk okuw jaýlarynyň hirurgik stomatologiýa kafedrasynda 1-2 ýyllyk ýörite hünär taýýarlygyny geçen we işde gerek bolan hirurgik amaly endikleri doly ele alan lukmanlardyr. Hirurgik stomatologik ýatymlaýyn bölüminiň düzüminde umumy ugurly ýatymlaýyn hirurgik bölümdäki bölümçeler: amal-sargy bölümçesi, sanjym otagy, naharhana, näsaglaryň otagy we şol sanda depginli bejergi geçirmek üçin otag, şepagat uýalarynyň otaglary, goş-golam otaglary we islendik ugurly ýatymlaýyn bejergi bölüminde bolan beýleki otaglar bolmalydyr. Köp ugurly hassahanalarda anesteziologiýa we reanimasiýa bölümleri hem bolýar, olarda bolsa hirurgik stomatologik näsaglar hem bejergi alýarlar.

Stomatologik ýatymlaýyn bejergi bölüminde agyz boşlugynyň arassaçylyk çärelerini geçirmek üçin ýörite otag gurnamak gerek. Äň-ýüz töwereginiň amallaryndan soňra näsaglar agyz boşlugynyň adaty arassaçylyk usullaryny ulanyp bilmeýärler we şöl sebäpli hem olar ýörite enjamlara we serişdelere mätäçlik çekýärler (*3-nji a, b, ç suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*3-nji a, b, ç suratlar*. Näsaglaryň agyz boşlugynyň arassaçylygy we iýmitlenişi:
*a* – agyr näsagyň agyz boşlugynyň arassaçylygyny geçirmek; *b* – näsagyň agyz boşlugyny özbaşdak arassalaýşy; *ç* – näsagyň ýörite gap bilen özbaşdak iýmitlenişi

## 2.3. TERBIÝEÇILIK IŞI

Lukman edebi – bu saglygy goraýyş işgärleri üçin özüňi alyp barmagyň kadalarynyň we ahlagynyň jemidir. Olaryň bozulmagy lukmançylyk edebiniň kadalaryny äsgermezlikden ýa-da bilmezlikden ýüze çykyp biler. Edep kadalarynyň bozulmagyny aradan aýyrmak we olaryň öňüni almak üçin terbiýeçilik çäreleri we tertip-düzgün temmileri ulanylyp bilner. Näsagy üstünlikli bejermek üçin işgärleriň özara gatnaşyklarynyň esasyny ýagşy niýetlilik we päk wyždanlylyk tutmalydyr.

Saglygy goraýyş işgärleri sabyr-kanagatly bolmalydyrlar. Durnuksyz häsiýetli näsagyň heran-haçan gelip biljekdigini hemişe ýatda saklamaly. Näsagy köşeşdirmek, ony özüne getirmek we ony ruhlandyrmak lukmanyň borjudyr. Lukmanyň sözi, onuň ýagşy sözlüligi örän uly güýçdür we ol özbaşdak bir derman, bejergi usuly bolup durýar.

Terbiýeçilik işi hemişe geçirilmelidir, oňa bölüm müdiri ýolbaşçylyk etmelidir. Deontologiýany saklamak boýunça ýygnaklary geçirmek oňat netijeleri berýär, ol ýygnaklarda işgärler deontologiýanyň kadalarynyň bozulmalary barada habar berýärler.

Lukmanyň we hemme saglygy goraýyş işgärleriniň lukmançylyk deontologiýasynyň kadalaryny berjaý etmegi näsaglaryň bejergisiniň üstünlikli bolmagynyň kepilidir. Şeýle hem muňa sözüň doly manysyndaky ýokary medeniýetlilik (dünýägaraýyş, pikirleniş, ahlak, päkizelik we beden arassaçylygynyň medeniýeti), iň esasy-da ruhubelentlilik ýardam edýär.

## 2.4. IŞIŇ HASABATY WE DERŇEWI

Stomatologiýa merkezleriň (saglyk öýleriň) bölümleriniň we ýatymlaýyn bejergi bölümleriniň işiniň hasabaty, onuň soňraky derňewi diňe bir edilen işiň

göwrümi, onuň mazmuny barada maglumat almaga ýol bermän, iň esasy zat – işiň guralyşynyň kemçiliklerini ýüze çykarmaga hem kömek berýär.

Stomatologiýa merkeziniň (saglyk öýüniň) bölüminiň lukmany tarapyndan işiň hasabatynyň gündelik jemleme resminamasy doldurylýar we onda ol näsaglaryň tertip boýunça belgisini, kesel taryhynyň ýa-da keseliň ýörite belgisini, familiýasyny, adyny we atasynyň adyny, kesel kesgitlemesini we bejeriş çäreleriniň häsiýetini belleýär. Ýatymlaýyn bejergi bölüminde, Stomatologiýa merkezinde (saglyk öýünde) hem adaty (çylşyrymly däl) diş sogurmak amalyndan başga ähli hirurgik çäreler ýörite amal kitapçasynda ýazylmalydyr we onda tertip boýunça belgisi, näsagyň familiýasy, ady we atasynyň ady, onuň ýaşy, lukmançylyk kesel depderçesiniň belgisi, kesel kesgitlemesi, senesi, amalynyň ady, agyrysyzlandyrmanyň görnüşi, amalyň görnüşiniň ýazgysy, onuň netijesi, hirurgyň we kömekçiniň familiýasy ýazylýar.

Stomatologiýa merkezinde (saglyk öýünde) gündelik alnyp barylýan resminamanyň we amallar kitapçasynyň esasynda gün boýunça jemleme hasabat düzülýär. Her aýda lukman bölüm müdirine hasabat berýär, ol bolsa her lukman we tutuş bölüm boýunça üç aý we ýyl boýunça jemläp, aýry-aýry maglumatlar alýar. Eger-de işgärler wezipe düzüminde görkezilen bolsa, onda hasabat işini ýöretmegi şepagat uýasy ýa-da ýörite hasapçy alyp barýar.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk halatlarynyň sany, işden boşadylmagyň dowamlylygy we sebäbi bolan keseliň kesgitlemesi ýörite hasabat kitabynda bellenilmelidir. Ýatymlaýyn bejergi bölüminde keselleriň her bir görnüşi boýunça ýatym günler sanalýar.

Bölüm müdirinde lukmanlaryň hirurgik işjeňligi, maslahat beriş işleriniň göwrümi, lukmanlaryň bejergi we barlag üçin näsaglaryň öýlerine gatnaw sany barada maglumat bolmalydyr. Bölümiň hünärmenleriniň derejesini ýokarlandyrmak, saglyk wagyz-nesihat we terbiýeçilik işleri boýunca hasabat ýöredilmelidir.

Ýatymlaýyn bejergi bölüminiň we Stomatologiýa merkeziniň bölüminiň müdiri üç aýyň we tutuş ýylyň işiniň netijelerini jemlemek bilen, hasabatlaryň maglumatlaryny deňeşdirýär, hemme san maglumatlaryň arabaglanyşygyny, hasabatyň ýaramaz maglumatlarynyň sebäplerini kesgitleýär we kemçilikleri düzetmek boýunça çäreleri belleýär. Dürli ýyllaryň hasabatlaryny deňeşdirmek arkaly has-da gymmatly maglumatlar almak bolýar. San görkezijileriň oňat ýa-da erbet tarapa üýtgemegi ýolbaşça olaryň sebäpleri barada, kemçilikleri düzetmek boýunça, oňat netijeler gazanylanda bolsa – olary berkitmek barada pikirlenmäge mejbur edýär.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Stomatologiýa ugurly lukmanlaryň işiniň hasabatynyň täze ulgamyna geçmek we diş bejerişde näsag kabul etmekligi guramaklygyň görnüşlerini kämilleşdirmek barada» 10.01.2001-nji ýyl №10 buýrugy bilen kesgitli bejeriş-anyklaýyş çäräniň zähmeti talap edijilik birligi esasynda lukmanlaryň işiniň täze esaslary tassyklanyldy.

# III BAP HIRURGIK STOMATOLOGIÝADA NÄSAGY BARLAMAGYŇ, AMAL GEÇIRMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY WE DEONTOLOGIÝA

## 3.1. HIRURGIK STOMATOLOGIÝADA NÄSAGLARY BARLAMAK

Näsagy barlamagyň maksady kesel kesgitlemesini goýmakdan ybaratdyr. Ol yhlas bilen näsagyň arz-şikaýatlaryny we keseliň taryhyny ýygnamakdan, umumy hem-de ýerli barlaglary geçirmekden ybaratdyr.

Näsagyň hal-ýagdaýy soralanda onuň arzlaryny we keseliň taryhyny anyklaýarlar. Näsag bilen gürrüňdeş bolnanda içgin düşünişme gazanmak gerek, onuň ruhy durumyny we aň-düşünjesini kesgitlemek, şonuň esasynda hem arzlaryny, keseliň döreýşini we taryhyny gözden geçirmek gerek. Lukman ugrukdyryjy soraglar bilen näsaga keseliň taryhyny beýan etmeklige kömek etmeli.

Barlamaklygy näsagyň arzlaryny anyklamakdan başlaýarlar. Olardan, köplenç, agyry duýgularyna bolan arzlary eşitmek bolýar. Agyrylar hemişelik ýa-da wagtlaýyn, ýiti, çala, çäkli ýerde ýa-da ýaýraň, öz-özünden döreýän ýa-da dişe, ýüzüň dokumalarynyň bir ýerine, äňlere degilmegi netijesinde we başga gyjyndyrmalardan döräp bilerler. Äň-ýüz töwereginde döreýän keseller, köplenç ýagdaýlarda, çişme hadysalaryň, esasan hem, gelip çykyşy boýunça diş sebäpli keselleriň dürli hili ýüze çykmasy bolup durýar. Olar käbir keselleriň deňeşdirme anyklamasynyň esasy bolup hyzmat edýän mahsus bolan aýratyn häsiýetli agyrylar bilen tapawutlanýar. Meselem, pulpitde ýaýraň häsiýetli, köplenç, gijelerine döräp, nerw şahalarynyň we sütünleriniň ugry boýunça ýaýraýan agyrylar ýüze çykýar. Ýiti periodonitde dişlenilende döreýän ýiti agyrylar mahsusdyr. Soňra olar güýçlenýärler, hemişelik bolýarlar we duýujy nerwleriň şahalary boýunça ýaýraýarlar.

Äňiň ýiti periostidi sebäpkär dişiň agyrysynyň äňiň bellibir bölegine ýaýramagy bilen, ýagny agyry bilen ýüze çykýar. Äňiň ýiti osteomiýelitinde keseliň ýerleşen ýerine we süňkdäki zaýalanmanyň ululygyna baglylykda, agyrylar nerwleriň ugry boýunça ýaýraýan ýiti, sorkuldap agyrýan, ýaýraň häsiýetli bolýar. Kelläniň, boýnuň, äňleriň ýanynda ýerleşen ýumşak dokumalaryň absessleri, ýiti limfadenit, mahsusy çişme keseller dokumalaryň zaýalanan ýerindäki sorkuldyly agyrylary bilen häsiýetlendirilýär. El bilen barlananda olar güýçlenýärler. Flegmonada, adenoflegmonada (gän (limfa) düwün sebäpli flegmona), çybanda, dokuzdonluda agyrylar ýaýraň we hemişelik häsiýetli bolýar. Soňabaka agyrylaryň depgini güýçlenýär, olar «silkeleýän» we «sorkuldaýan» häsiýete geçýärler. Çişme kesellerde ýerli agyrylardan başga-da, bedeniň zäherlenmesini görkezýän kellagyry, ýarawsyzlyk, işdäniň kesilmegi, ukynyň bozulmagy, üşütme we ş.m. ýüze çykýar.

Näsaglar tüýkülik mäzlerine mahsus bolan agyrylara we olaryň ýellenenligine, agyz boşlugynyň guraklygyna, nahar iýmek bilen bagly agyrylara we ýakymsyz turşumtyk tagamyň döreýänligine arz edip bilerler.

Agyryly duýgular aşaky äňiň we diliň hereketlerinde, ýuwdunanda, dem alanda, geplenende döräp biler. Bu ýagdaý çişme we çiş kesellerde, ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we süňkleriniň, şeýle hem agyz boşlugynyň synalarynyň şikeslerinde ýüze çykýar. Näsaglaryň kynlyk bilen ýuwdunma we dem alşa bolan arzlary gaýragoýulmasyz soňraky barlaglary talap edýän howply alamatlardyr.

Näsaglar seýrek bolmadyk halatlarda ýüzüniň taraplarynyň deňliginiň bozulmagyna arz edýärler. Bu ýellenme ýüzüň, äňleriň we agyz boşlugynyň synalarynyň dokumalarynda emele gelen çiş keseli netijesinde bolup biler. Agyra bolan arzlary ýellenmekligiň häsiýeti bilen deňeşdirip, käbir ýagdaýlarda çişme keseller barada, başga ýagdaýlarda bolsa, çiş we cişe meňzeş keseller barada pikir etmek bolar.

Näsaglar görk we işjeňlik bozulmasyny döredýän kemtiklere we gyşarmalara arz edip bilerler. Şunuň ýaly ýagdaýlarda kemtigiň ýa-da gyşarmanyň gelip çykyşyny anyklamak gerek (doga ýa-da soňra dörän). Soňra dörän kemtiklerde onuň sebäbini anyklamak wajypdyr (şikes, çişme we çiş keseller, ozal geçirilen amallar).

Näsag bilen gürrüňdeş bolnan mahaly keseliň geçişi, taryhy anyklanylýar: ilkinji alamatlar haçan döräpdir we olar haýsylar, kim olary ýüze çykarypdyr (näsagyň özi, töweregindäki adamlar, lukman), näsag kömek üçin nirä ýüz tutupdyr, nähili bejergi geçirilipdir we onuň netijesi. Näsagyň elindäki geçirilen barlaglar we bejergi baradaky resminamalar bilen tanyşmaly (keseliň taryhyndan göçürme, seljeriş we ş.m. barlaglar, rentgen surat maglumatlary, maslahatçylaryň çykaran netijeleri).

Äň-ýüz töweregindäki agyrylara we ýellenme döränligine bolan arzlarda keseliň geçişini we ýokanjyň ojagyny anyklamak gerek. Çişme keseliniň umumy we ýerli alamatlary köpelen halatlarynda hassahana ýerleşdirmek, gyssagly amal geçirmek zerurdyr.

Äň-ýüz töwereginde we agyz boşlugynyň nemli bardasynda mahsusy çişme ojaklary, ýaralar, kemtikler bolan halatynda inçekesel we merezýel keselleri aradan aýyrmak üçin nesillilik, ýaşaýyşda özüni alyp barşy, näsaglar bilen gatnaşyklary baradaky we beýleki maglumatlary, şeýle hem şu keselde geçirilen barlaglaryň netijeleri bilen tanyşmak gerek.

Keseliň tüýkülik mäzleriň töwereginde ýerleşen halatlarynda keseliň taryhyndan mäziň ýellenmesi bolupmy, onuň nahar iýmek bilen baglanyşygyny anyklamak gerek. Kesel içki synalarda, esasan hem, garyn boşlugynda we kiçi çanaklykda geçirilen amallardan, wirus ýa-da başga ýokançdan soňra, şeýle hem içki synalaryň kesellerinden soňra dörän bolsa, ony anyklamak gerek.

Şikes bar bolan ýagdaýynda onuň nähili ýagdaýlarda alnandygyny, özünden gidip gitmänligini we şeýle bolan bolsa, näçe wagtlap dowam edendigini, ýürek bulanma, baş aýlanma, gaýtarmak, burundan we gulaklardan gan akma bolandy-

gyny ýa-da bolmandygyny, nähili kömek berlendigini anyklamaly. Näsaga bürmek keseline garşy syworotkanyň (aýranyň) ýa-da anatoksiniň nähili, haçan we näçe mukdarda sanjylandygyny takyklamaly. Şeýle hem şikesiň serhoş ýagdaýynda alnyp-alynmandygyny anyklamak gerek.

Näsag şikes, geçirilen hirurgik amal (şol sanda diş sogrulmagy) bilen baglanyşykly gan akma bilen ýüz tutanynda, ondan öň geçirilen amallardaky, tenini sypjyrdanyndaky, müçükmede bolan gan akmanyň uzaklygy barada hökman soramak gerek.

Ýüzüň we äňleriň nerwleriniň keseli we şikesi barada habar berýän agyrylarda beýni we ruhy-nerw durumynyň maglumatlaryny bilmek gerek. Çekge-aşaky äň bognuň agyrylary we işjeňlik bozulmasy bilen ýüz tutan näsaglarda keseliň ýürek-damar ulgamynyň, daýanç-hereket ulgamynyň we başga keseller bilen baglanyşygyny anyklamak gerek.

Ýüzüň, äňleriň, agyz boşlugynyň synalarynyň çişlerinde we çişe meňzeş kesellerinde, onuň beýleki içki synalaryň, gulak-burun-bokurdak synalaryň, deriniň we başga synalaryň keselleri bilen baglanyşygyny anyklamak gerek, emele gelen çişiň ösüş häsiýetini (ýaýraň ýa-da çäkli), keseli häsiýetlendiriji alamatlary (agyrylar we olaryň häsiýetini, işjeňlik bozulmasy we ş.m.) anyklamak gerek.

Doga kemtiklerde we gyşarmalarda (doga kemisliklerde) maşgala taryhynyň maglumatlaryny anyklamak gerek, göwreliligiň birinji ýarymynyň geçişiniň, aýratyn hem ilkinji iki aýynyň, caga dogurmanyň, çaga döwründäki we ondan soňraky ösüşiniň aýratynlyklaryny anyklamak gerek. Soňra dörän ýetmezçilikde, kemtiklerde onuň sebäbini bilmek wajypdyr (şikes, ýanyk, çişme keseli, mahsusy we çiş keseller, ozal geçirilen amallar we ş.m.). Soňra dörän kemtiklerde we gyşarmalarda merezýel, äňiň üznüksiz osteomiýelidi, aktinomikozy, suwjarýan çüýreme ýaly keselleri aradan aýyrmak zerurdyr.

Ömrüniň taryhy – dogulmagynyň aýratynlyklary baradaky, ene-atasynyň saglygy, zähmet, durmuş, dynç alyş çäreleri, iýmitleniş ýagdaýlary, bedenterbiýe sapaklary baradaky maglumatlary, zyýanly endiklerini (çilim çekmek, nas atmak, çakyr içmek, derman, neşe ulanmak) anyklamakdan ybarat. Bular näsagyň bedeniniň gurluş we ruhy saglygy barada dogry düşünje almaga kömek edýär. Nähili keselleri geçirendigini, olaryň nähili geçendigini, nähili bejergi geçirilendigini we olaryň netijelerini anyklamak gerek. Näsagda immun ulgamynyň keselleriniň we pes ýagdaýlarynyň barlygyny anyklamak gerek. Ilkinji we ikilenç immun ýetmezçilik keselleri we olar bilen baglanyşykly geçýän keselleri, olaryň äň-ýüz töwereginiň we agyz synalarynyň keselleri bilen baglanyşygyny ýüze çykarmak näsagyň bedeniniň işjeňlik ýagdaýyna dogry baha bermeklige we kesel kesgitlemesini takyklamaga ýol berýär.

Näsagy barlamaklyga umumy görüp çykmakdan we onuň umumy ýagdaýyny kesgitlemekden başlaýarlar (kanagatlanarly, orta agyrlyk, agyr, örän agyr we umytsyz). Ýatymlaýyn bejergi şertlerinde barlamagy lukmançylykda kabul edilen ähli düzgünler boýunça geçirýärler.

Saglyk öýünde näsagyň beden gurluşyna baha bermek, beden kemtiginiň we gyşarmasynyň barlygyny anyklamak, damar urgusyny, arterial gan basyşyny, ruhy-ahlak ýagdaýyny kesgitlemek gerek.

Ýiti çişme kesel, merezýel, beze çişmesi, çiş we beýleki keseller şübhelenilende ähli endamyň derisini gözden geçirýärler (ondaky örgünleri ýüze çykarmak üçin), ýeňse, boýnuň gapdal, ýaýjygasty we goltugasty limfa – gän düwünleri el bilen barlamaly, göreç duýgurlygyny, Kernigiň alamatyny we ş.m. barlaýarlar.

Äň-ýüz töweregini barlamak – gözden geçirişden, el barlagyndan, agyz boşlugyny barlamakdan, gurallar bilen barlaglardan (dürtgüçler, kütek we ýiti iňňeler we ş.m.) ybarat bolup durýar. Gerek bolanynda barlagyň üsti gazap almak, sanjym bilen ýa-da kesip alyp dokuma barlagyny geçirmek, biohimik, ýokanç barlagy, immunologik, rentgen surat, tomografiýa barlaglary bilen goşmaça doldurylyp bilner.

Näsagyň gözden geçirilişini diş bejeriş oturgyjynda amala aşyrýarlar. Onuň kellesi kelle goýulýanda oňat goýulmalydyr, diş bejeriş oturgyjyny galdyrmak we düşürmek, onuň arkasynyň (dik, gyşyk) we kelle goýulýanynyň (näsagyň kellesi arkan goýlan ýa-da eňegi döşüne golaýlaşan) ýagdaýyny üýtgetmek bolar. Orta agyrlyk we agyr ýagdaýyndaky näsagy ýatan ýerinde, sargy otagyň sekisinde ýa-da kese ýagdaýa getirilen diş bejeriş oturgyjynda geçirýärler.

Barlag üçin zyýansyzlandyrylan süýri syrçaly gaba ýerleşdirilen gurallar: mala şekilli ýasyja gural (dodagy we ýaňagy çekmek, agyz bosagasyny we boşlugyny görmek, dilini süýşürmek we dilasty ýerleri, diliň arkasyny, badam şekilli mäzleri, damagyny görmek üçin) we diş ýa-da ýönekeý (hirurgik) jübtek (dişleriň yrgyldaýandygyny kesgitlemek we olary kakyp barlamak üçin) ulanylýar. Barlag wagty diş aýnasy (dişleri, dilasty ýerleri, kentlewügi görmek üçin), diş dürtgüji, koplenç egrisi (dişleriň täçleriniň kemtiklerini (döwüklerini), diş etiniň emzijegini we diş etiniň gyrasyny barlamaklyga, şeýle hem olaryň tutawajy bilen dişleri kakyp barlamak bolýar), ýörite inçejik dürtgüji, ýörite tüýkülik dürtgüçleri (tüýkülik mäziň akabasyny we deşiklerini barlamak üçin), düwme dürtgüç (ýaralary, deşikleri, ýokarky äň boşlugy bilen habarlaşýan deşikleri, kentlewügiň kemtiklerini we ş.m. ýerleri barlamak üçin) ulanylyp bilner. Burun, bokurdak we daşky gulak boşluklaryny ýörite kiçi el çyrasynyň, burun we gulak aýnalarynyň kömegi bilen gözden geçirmek amatlydyr.

Gözden geçiriş ýüzüň taraplarynyň deňligini kesgitlemekde – ýüz süňkleriniň birleşmesi, derasty ýag gatlagynyň ösüş derejesi, burnuň kitirdewük böleginiň, gözüň we agzyň ululygy (giňligi), gulak ýelkenleriniň we deri örtüginiň ýagdaýy bilen şertlenen ýüzüň suduryny kesgitlemekde jemlenendir. Onuň taraplarynyň deňliginiň çişme, şikes, çiş we beýleki keseller sebäpli bozulandygyny anyklamak wajypdyr. Äň-ýüz töwereginiň kesellerinde we şikeslerinde taraplaryň deňliginiň bozulmagynyň häsiýetine üns bermeli (çişme sebäpli dörän ýellenme, gataňsylyk, çişe meňzeş kesel, gyşarma we ş.m.)

El barlagy kesel üýtgemeleriň çäklerini, agyrylary, duýgurlygy, dokumalaryň dykyzlygyny, deriniň gasyn atmak ukybyny, bertigiň we deşikleriň barlygyny anyk-

lamaga ýol berýär. Äňýany ýumşak dokumalar ýellenen halatynda onuň dykyzlygyny, deriniň aşaky dokumalar bilen jebisligini, onuň reňkini kesgitleýärler. Eger kütek gural bilen basylanda yz galdyrýan bolsa, onda bu onuň sebäbiniň çişmegini aňladýar. Bu ýagdaý dürli çişme kesellerde, ýüz we äň şikeslerinde duş gelip bilner.

Eger-de el barlagynda äňýany ýumşak dokumalar gatan we agyryly bolsa derasty dokumalar bilen berk bitişen bolsa, kynlyk bilen gasyn atýan bolsa, ýa-da dartylyp gasyn atmaýan bolsa, reňki gülgüneden açyk gyzyla ýa-da gyzylymtyl-göge çenli üýtgese, dokumalaryň gyzgyny ýokarlansa, onda bular çişme gataňsylygy barada şaýatlyk edýär we abssesde, flegmonada, limfadenitde we äňýany ýumşak dokumalaryň beýleki çişme kesellerinde bolup biler. Beýle ýagdaýlarda kesel üýtgemeleriň çäklerini, has köp agyryly we bulkuldyly ýerlerini, zaýalanan dokumalaryň aşagynda ýerleşen ýüz süňkleri bilen jebisligini we deşikleriň bar ýa-da ýoklugyny kesgitlemek gerek.

Ýüzüň şekili şikes sebäpli aşaky äňiň yza, gapdala süýşmegi ýa-da cekge töwereginiň çökmegi, ýüzüň orta böleginiň uzalmagy, burnuň arkasynyň çökmegi we beýleki bozulmalar netijesinde üýtgäp biler. Şonuň ýaly-da, möçügen, sypjyrlan, ýara we gan öýme ýerlere üns bermek gerek.

Ýüz süňkleriniň deňeşdirme el barlagy ýüzüň süňk sudurlary boýunça, esasan hem, süňkleriň birleşýän ýerlerinde geçirilýär. Süňkleriň adaty däl birsydyrgyn däldigine, el bilen barlagdaky agyry duýgularyna üňs bermeli.

Äň we duluk süňkleri döwlende, agzyň açylyşy we aşaky äňiň hereketleri bellibir derejede çäklenen bolýar.

Çekge-aşaky äň bognuny – bogun ösüntginiň kellejigini, onuň bogun oýtumy bilen birleş.mesini el bilen barlaýarlar, aşaky äňiň agyz açylandaky we ýapylandaky, gapdal hereketleriniň göwrümini kesgitleýärler.

El barlagy bilen üç şahaly nerwiň çet ýer şahalarynyň (gözüsti, gözasty we eňek nerwleriniň) duýujylygyny çykýan deşik ýerlerinde, barlag nokatlarynda kesgitleýärler. Ýüz we äň nerwleriniň dürli keselleri we şikesleri agyry we duýgurlyk bozulmasy bilen ýüze çykýar. El bilen barlag geçirilende agyry güýçlenip ýa-da tutgaý döräp biler. Mundan başga-da, barlananda ýüzüň derisiniň duýgurlygynyň bozulmasy anyklanylýar (duýgurlygyň peselmegi ýa-da ýoklugy).

Çiş kesele şübhe dörände çuňňur el barlagy ulanylýar. Çiş we çişe meňzeş keseller dürli dykyzlykly: ýumşak (hamyr ýaly), gaty (gaty – çeýe), aralyk gaty (ketirdewüge meňzeş) we ş.m., düz ýa-da büdür-südür üstli, anyk ýa-da anyk däl çäkli bolup bilerler.

Äňasty, eňegasty, boýnuň we ýüzüň beýleki sebitleýin limfa düwünleriniň el barlagynyň wajyp ähmiýeti bar. Äňasty düwünleriň el barlagy üçin lukman *sag* eli bilen näsagyň kellesini aşak egýär, çep eli bilen onuň kellesini degişli tarapa gyşardyp üç barmagy bilen yzygiderli barlaýar, eňegasty düwünleri hem şunuň ýaly, ýöne süýem barmak bilen barlanylýar, emzik görnüşli ösüntginiň ýanyndaky

sebitleýin limfa düwünlerini II barmak bilen ony aşaky äňiň yzky gyrasyna tarap öňe we döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň öň gyrasyna tarap yza süýşürip barlaýarlar. Ýüzüň limfa düwünlerini (ýaňak, burun-dodak, azy, aşaky äň) iki el bilen barlaýarlar: sag eliň barmaklary bilen, agyz tarapdan we çep eliň barmaklary bilen daşyndan. Gulakýany limfa düwünler aşaky äňiň şahasynyň deňesinde, äňyzy töwerekde tüýkülik mäziň üstünden we gulakýany mäziň öň gyrasy boýunça iki el bilen barlanylýar. Boýnuň gapdal limfa düwünlerini II–III barmak bilen döş-ýaýjyk – emzik şekilli muskuldan öňe we yza tarap, emzik şekilli ösüntgiden aşak, ýaýjyk süňküne tarap el bilen barlaýarlar. Soňra näsagyň arkasynda durup, ýaýjykda ýerleşdirilen üç barmak bilen (II, III, IV) ýaýjygüsti limfa düwünlerini barlaýarlar.

Agyz boşlugyny barlamak: agzyň açylyşyny kesgitlemekden, agyz boşlugynyň bosagasyny we içini, damagy gözden geçirmekden ybarat.

Agzyň açylyşyny (kada boýunça agyz 5 *sm*-e çenli açylmalydyr ýa-da merkezi alyn dişleriň arasyndan salnan II, III, IV barmaklaryň kese kesigine deň), onuň erkinligini we agyrysyzlygyny, bogunda hytyrdynyň ýoklugyny, aşaky äňiň gapdala nähili süýşýändigini kesgitleýärler. Çeýneýiş muskullarynda çişme hadysasy bolsa agzyň açylyşyny kynlaşdyrýar we ony agyryly edýär. Şunuň ýaly ýagdaýlarda äňleriň gysylmasynyň bolýandygyny belläp geçmeli (çeýneýiş muskullarynyň I, II we III derejeli çişme gysylmasy).

Agyz boşlugynyň bosagasyny görmegi dodaklardan başlap, onuň gyrmyzy gaýmasynyň reňkine üns berýärler, nemli bardany, onuň reňkini, çyglylygynyň derejesini barlaýarlar, ýaňagy, ýaňagyň ýag tokgasynyň daşlaryny el bilen barlaýarlar.

Agyz boşlugynyň içini görmegi oňat ýagtylygyň astynda geçirýärler. Ony ýörite kiçi el çyrasy, çyra dakylan diş aýna bilen ýa-da diş bejeriş oturgyç çyrasy astynda görmek amatly bolar. Diş etiniň nemli bardasyny (diş etiniň gyrasyny, emzijeklerini, ýygyrdyny), dodaklaryň ýarçyklaryny, dilasty ýygyrtlary we emzijekleri, alynky emzijegi, ýygyrtlary gözden geçirýärler.

Agyz boşlugynyň nemli bardasy görlende dodak, ýaňak, kentlewük, dil we beýleki ýerlerdäki kiçi tüýkülik mäzlerine üns berýärler. Äňleriň öýjükli ösüntgilerini (öýjükli ösüntgi ýaýlary, öýjükli ösüntgi gerişleri), ýokarky äňiň kentlewük ösüntgisini (burun gerşi, alynky sepi, kentlewügiň uçly ýeri we ýygyrtlary), ýokarky äňiň güberçeginiň aňyrsyndaky dokumalary el bilen barlaýarlar. Dişleri barlanlarynda kakyp görýärler, adatdan uly ýa-da süýt dişleriniň hemişelik dişleýişde barlygyna, aşaky äňiň akyl dişleriniň çykyşyna üns berýärler, dişleriň ýumluşyny anyklaýarlar, dişleriň tertibini ýazýarlar. Diş etiniň emzijeklerini we kisesini, olardan çykýan suwuklygy barlaýarlar. Gural bilen ýaňagy gapdala çekip, gulakýany tüýkülik mäziniň emzijeklerini barlaýarlar, dili kentlewüge galdyryp, äňasty we dilasty tüýkülik mäzleriniň aýry-aýrylykdaky ýa-da birleşen akabalarynyň emzijeklerini görýärler we olardan çykýan tüýküligi barlaýarlar.

Tüýkülik mäzleri owkalamaly we bolaýjak aşakdaky üýtgemelere: goýy tüýkülik, bulanyk reňk, übtükleriň, lagtalaryň we tüýkülik tokgalarynyň barlygyna ýa-da ýoklugyna üns bermeli.

Dil gözden geçirileninde onuň şekiline, ulylygyna, nemli bardasynyň ýagdaýyna, reňkine we çyglylygynyň derejesine, emzijekleriň aýdyňlygyna üns berýärler. Diliň el bilen barlagyny hasa ýaglyjak bilen ujundan tutup, onuň öňe çykarylan ýagdaýynda amala aşyrýarlar. Damagy barlamak bilen ýumşak kentlewügi (kentlewük diljagazyny, kentlewük-dil, kentlewük-damak ýaýjagazlary, kentlewük-turbajyk gasynyny, badam şekilli mäzleri we ş.m., gözden geçirýärler, damagyň işjeňligini kesgitleýärler.

Dilasty ýerler gözden geçirileninde we barlanylanda iki el barlagyny ulanýarlar: dilasty gasyn (içinden) we eňegasty töwerek (daşyndan) tarapyndan agyz boşlugynyň düýbüniň çuňňur dokumalaryny barlaýarlar (*4-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*4-nji a, b suratlar*. Agyz boşlugynyň düýbüniň dokumalarynyň el bilen barlagy:
*a* – äňasty gän (limfa) düwünleriň el barlagy;
*b* – äňasty tüýkülik mäziň akabasynyň iki el bilen barlagy

Diş sogrulyp, ýokarky äň boşlugynyň deşigi dörände diş öýjügini barlaýarlar, agyzdan burun boşlugyna suwuklygyň düşýändigini kesgitleýärler. Dürtgüç girizmek bilen diş öýjüginiň çuňlugyny anyklaýarlar.

Tüýkülik mäzleriň kesellerinde akabalary dürtgüç bilen barlaýarlar. Bu olaryň ugruny, daralmasyny, egrelmesini ýa-da onuň doly bitmegini, akabadaky daşyň barlygyny anyklamaga mümkinçilik berýär.

Ýüz süňkleriniň şikesi bolan näsaglarda zeperlenme süýşmäni, dişleriň agyrylygyny, nemli bardanyň ýyrtylan ýerlerini kesgitleýärlar. Döwük bölekleri el bilen barlanylanda olaryň süýşýänligini, hytyrdysyny we agyrysyny bellemeli. Äňleriň ýapylyşyna, agyz açylanda aşaky äňiň süýsmegine üns bermeli.

Çiş we çişe meňzeş kesele bolan müňkürlik onuň ýerleşişini, ululygyny, dykyzlygyny, süýşýänligini, dişler bilen arabaglanyşygyny we başgalary takyklamagy talap edýär. Baş dörände onuň gyralarynyň gatylygyny, düýbüniň ýagdaýyny barlaýarlar.

Ýüzüň we äňleriň kemtiklerinde we gyşarmalarynda agyz boşlugyny barlamagy agyz yşyndan (dodaklaryň şekilinden) başlaýarlar, agzyň açylyşyna üns berýärler, ýokarky äňiň öýjükli we kentlewük ösüntgilerini, kentlewük süňküni we ýumşak kentlewügi barlaýarlar. Kemtigiň ýerleşen ýerini we ululygyny, ony gurşap alan nemli bardanyň ýagdaýyny kesgitleýärler.

Näsagyň barlagy anyklaýyş usullaryny we barlag görnüşlerini özünde jemlemelidir. Olaryň görnüşi we göwrümi äň-ýüz töwereginiň kesselleriniň we şikesleriniň häsiýetine we barlag geçirilişiniň şertlerine (saglyk öýünde ýa-da ýatymlaýyn bejergi bölümde), şeýle hem hassahananyň enjamlaşdyrylyşyna baglydyr.

Anyklaýyş üçin dişleriň, äňleriň, ýüzüň we kelleçanagyň beýleki süňkleriniň, ýokarky äň we maňlaý boşluklarynyň, çekge-aşaky äň bogunlaryň, tüýkülik mäzleriň rentgen barlaglarynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Şu maksat bilen kök daşynyň yşyndaky, süňkdäki üýtgemeleriň ýerleşişini we häsiýetini anyklamaga ýol berýän dişleriň, öýjükli we kentlewük ösüntgileriň, agyz boşlugynyň düýbüniň agyz içre degşirme rentgen suratlary alynýar, tüýkülik daşynyň barlygyny anyklaýarlar.

Ýokarky we aşaky äňleri, duluk, maňlaý, burun, çekge we kelleçanagyň beýleki süňklerini, ýokarky äň we maňlay boşluklaryny, çekge-aşaky äň bogunlary barlamak üçin rentgen barlag daş tarapdan ulanylýar: göni, gapdal, ýarymaksial, aksial, şeýle hem kese degşirme we gytak ugurlar boýunça.

Dişleriň we äňleriň giňişleýin gözýetim şekilini berýän ortopantomografiýa rentgen barlagy giň gerim alan usul bolup durýar.

Dişleriň, äňleriň we ýüzüň beýleki süňkleriniň rentgen barlagy dişlerde karioz boşlugynyň barlygy, kökleriň görnüşleri, olaryň petikleýji serişdeler bilen dolulygynyň derejesi, kök daşynyň yşynyň, süňküň ýagdaýy we ş.m. barada aýdyň pikir ýöretmek üçin wajyp ähmiýete eýedir.

Rentgen barlagy dişleriň, ýüzüň we kelleçanagyň süňkleriniň şikesleriniň anyklaýşynda aýgytlaýjy ähmiýet oýnaýar. Beýleki usullar bilen bilelikde, ol çiş we çişe meňzeş keselleri anyklamaga kömek edýär. Ýüz süňkleriniň kemtikleriniň we gyşarmalarynyň anyklamasy, şeýle hem äňleriň üýtgedip gurmak amallarynyň meýilnamasy rentgen surat maglumatlaryna esaslanýar. Bu ýagdaýlarda uly giň ýaýraňy bolan 1,5 *m* daşlykdan alnan rentgen surat – telerentgenografiýa uly kömek berýär. Süňkleriň üýtgemelerini görkezýän we ýüz süňkleriniň dogry gurluşyny kabul edilen ölçegler bilen deňeşdirer ýaly birmeňzeş suratlary almak hökmandyr.

Käbir ýagdaýlarda özge jynsyň ýerleşişini, çişleriň çäklerini kesgitlemek üçin, utgaşykly şikeslerde ýa-da çekge-aşaky äň bognunyň kesellerinde dokumalaryň gatma-gat rentgen barlagy, tomografiýa ýa-da maňyz-magnit rezonans barlagy gerek bolýar.

Tüýkülik mäzleriň kesellerinde, käbir halatlarda ýokarky äň boşlugynyň üznüksiz çişme keselinde, kök kistada, äňiň üznüksiz osteomiýelidinde, doga ýüz we boýun deşiginde rentgen görkeziji serişde bilen sialografiýa sinusografiýa we fistulografiýa ulanylýar.

Käbir kesellerde: çişme hadysada, şikesde, çişlerde dişleriň pulpasynyň dirilik ukybyny elektroanyklaýyş usuly bilen kesgitlemek gerek bolýar. 8–10 *mA* çenli görkezijiler pulpasy ýagdaýynyň kadalylygy barada, 10-dan 60 *mA* çenli we 100 *mA* geçende, onuň çüýremeklige çenli zeperlenenligine şaýatlyk edýär. 100 *mA*-dan 200 *mA* çenli aralygynda gyjynma duýgulary döräninde elektrotoguň kök daşynyň bagjygygny gyjyndyrýanlygyna şaýatlyk edýär.

Seljeriş barlagy anyklaýyş işinde gerek bolanynda Saglyk öýüniň, Anyklaýyş merkeziniň, şeýle hem ýatymlaýyn bejeriş bölüminiň şertlerinde geçirilýän köp dürli usullary özünde jemleýär. Saglyk öýüniň şertlerinde olaryň ulanylyşy çäklenen. Ol ganyň we peşewiň umumy derňewini geçirmeklige, olarda şekeri kesgitlemekde, öýjük gurluş we dokuma gurluş barlaglara syrykdyrylýar. Stomatologiýa merkezde, Saglyk öýunde olaryň üsti bakteriologik, biohimik we beýleki barlaglar bilen ýetirilip bilner. Ýatymlaýyn bejergi bölüminde we Anyklaýyş merkezinde ýokarda sanalyp geçilenlerden başga-da, anyklaýyş üçin we keseliň bejergisini barlamak üçin dürli işjeňlik, has takyk biohimik, immunologik, gormonal we beýleki barlaglar ulanylýar.

Uzak wagtlap bitmeýän başlarda, agyrysyz gataňsylykda, kentlewük kemtiklerinde, dişleriň nädogrulyklarynda we başga-da, käbir ýagdaýlarda ganyň serologik barlaglaryny geçirýärler (Wassermanyň, Kanyň barlagy, Adam immun ýetmezçilik wirus keseliniň barlagy we ş.m.). Keseliň häsiýetini anyklamak üçin aýnajyga ýelmeşdirip, gazap almak, sanjym, ýuwundy almak bilen öýjük gurluş barlaglaryny geçirýärler.

Has anyk kesel kesgitlemesini dokuma bölejigini kesip alyp barlamak arkaly kesgitlemek mümkin. Ony formaliniň 10% ergininde saklaýarlar we ýörite iberiş hatyny dolduryp, dokuma seljeriş bölümine ugradylýar. Kähalatlarda kesel kesgitlemesini takyklamak maksady bilen amal gidip durka gyssagly dokuma barlagy ulanylýar.

Näsaglardan alynýan iriňi aýnajyga çyrşap barlamak gerek, hususan-da, ol şöhle görnüşli garabaşyň düwmejiklerini, holesteriniň duzlaryny we ş.m. ýüze çykarmaga ýardam berýär.

Ýatymlaýyn bejeriş şertlerinde, şeýle hem Saglyk öýünde ýygy-ýygydan mikrobiologik barlaglary geçirmek zerurlygy ýüze çykýar. Iriňli suwuklygy howaly we howasyz şertlerde ekmegiň, esasy kesel dörediji ýokanjy, onuň häsiýetlerini ýüze çykarmagyň, ýokanja garşy dermanlara duýgurlygyny kesgitlemegiň çişme keselleriň anyklamasy we bejergisi üçin wajyp ähmiýeti bardyr.

Tüýkülik mäzleriň kesellerinde bölüp çykaryjylyk işjeňligini we tüýküligiň himiki barlagyny, öýjük barlagyny geçirýärler. Ýörite enjamlar bolan ýagdaýynda radiosiolografiýa, tüýkülik mäzleriň skanirlenmesi, ssintigrafiýa, ehosialografiýa we termowiziografiýa aýratyn anyklaýjy ähmiýete eýedir.

Immunologiýa barlaglaryny ýatymlaýyn bejeriş bölüminde, uly Stomatologiýa merkezlerde mümkin bolan ýagdaýynda geçirýärler.

Hirurgik stomatologik näsag barlanylanda, şeýle hem amala taýýarlanylanda, ortopedik çäreleri geçirýärler: ölçeg almak we gorag plastmassa örtgüleri, ortopedik enjamlary ulanmak (Wankewiçiň, Weberiň ýapgyt tekizlikli seýikleri, Şrederiň petleli sim seýikleri, Pomeransewa-Urbanskaýanyň seýikleri we ş.m.), äňleriň gaty nusgalaryny, ýüzüň gaty nusga şekillerini ýasamak.

Näsagy barlamagyň sanalan ähli usullary onuň kesel taryhyna girizilýär we ol hukuk taýdan, şeýle-de, kazyýet lukmançylygy dernewi üçin hem wajyp resminama bolup durýar.

Näsag barlanylandaky deontologiýa we tertip-düzgün üstünlikli anyklaýşyň we bejerginiň ilkinji we esasy şerti bolup durýar.

## 3.2. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINDE AMAL GEÇIRMEKLIGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Agyz boşlugynda, äň-ýüz töwereginde geçirilýän amallar diş bejeriş oturgyçda ýa-da amal sekisinde ýatan ýagdaýynda berjaý edilýär. Diş sogurmagy, käbir beýleki amallary, näsag diş bejeriş oturgyjynda oturan ýagdaýynda geçirýärler.

Amalyň öňünden keseliň görnüşi, amalyň çylşyrymlylygy, ýaşy, umumy ýagdaýy, bile geçýän keseli göz öňünde tutulyp, näsag barlanylmalydyr we degişli ýagdaýda taýýarlanylmalydyr. Amalyň öňünden (gyssagly amallardan başgalary) näsagyň agyz boşlugyny sagdynlaşdyrýarlar.

Amaldan öň näsagyň beden arassaçylygyny geçmegi, erkek adamlaryň sakal-murtunyň, amal ýeriniň ýa-da töwereginiň tüýleriniň we saçlarynyň syrylmagy hökmandyr. Gyssagly amallarda bu çäre gönüden-göni sargy otagyna ýa-da amal otagyna salynmazyndan ozal geçirilýär. Stomatologiýa merkezinde (saglyk öýünde) näsag amalyň öň ýanyndaky otagda içki geýmine çenli çykarynýar we arassa köýnek ýa-da halat geýinýär, kellesine bolsa, papajyk geýdirilýär ýa-da hasa ýaglygy daňylýar, ýatymlaýyn bejergi geçirilýän bölümde bolsa, näsag amal otaga diňe içki aşaky geýimde ýa-da doly geýimsiz (kiçi ýaşly çagalar) salynýar we ol ýerde onuň üstüni zyýansyzlandyrylan düşekdaşy bilen ýapýarlar.

Amalyň öňünden näsagyň ýüzi spirt bilen, agyz boşlugy bolsa zyýansyzlandyryjy ergin bilen arassalanylýar.

Stomatologiýa merkezinde (saglyk öýünde) we ýatymlaýyn bejergi geçirilýän bölümde amallary keseliň häsiýetine, amalyň göwrümine, dowamlylygyna, näsagyň ýaşyna we bile geçýän keseline baglylykda ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrma bilen geçirýärler.

Amal geçirilende äň-ýüz töwereginiň çylşyrymly gurluşyny we hirurgik bejergi çäreleriniň netijelerine bildirilýän ýokary talaplary ýatda saklamaly. Amalyň maksady zeperlenen synanyň işjeňlik we owadanlyk bozulmalaryny düzetmek bolup durýar.

Äň-ýüz töwereginiň dokumalary ýaýraň damar ulgamy, nerwleriň, aýratyn hem ýüz nerwiniň ýerleşişi bilen, dem alyş we iýmit siňdiriş ýollar, görüş synalaryna, gulak-burun-bokurdak synalaryna, kelleçanagyna we gönüden-göni beýnä ýakynlygy bilen tapawutlanýar.

Ỳüzde kesim geçirmek bilen ýüz nerwiniň şahalarynyň ýerleşişini we uly damarlaryň geçýän ýerlerini oňat bilmeli (*5-nji surat*). Äň-ýüz töwereginde kesim geçirileninde dokumalaryň kesilişiniň görnüşine baglylykda dürli görnüşli bir gezeklik päkileri ulanmaly.



*5-nji surat.*
Ýüzüň we boýnuň derisinde geçirilýän esasy kesimler

Päki ýiti, kesim hereketleri bolsa yzygiderli bolmalydyr. Uly damarlaryň we nerwleriň tötänleýin kesilmeginiň öňüni almak üçin dokumalary kesmek hökman gatma-gat amala aşyrylmalydyr. Päkiniň ujy örtgi dokumalary (deri, nemli barda) keseninde ýaranyň gyrasynyň bir tarapy ýukalmaz ýaly dik, 900 burç bilen kesilmelidir. Bu ýaranyň gyralaryny dogry degşirmeklige ýol berýär. Beýle edilmedik ýagdaýynda ýaranyň bir gyrasynyň gan aýlanyşygy erbetleşýär, köp şikes ýetýär we kähalatlarda ýaranyň gyralary çüýreýär. Agyz boşlugynda nemli bardanyň diş etine geçýän ýeri, süňküň zeperlenmedik ýeri boýunça kesim geçirmeli. Beýle edilmegi soňra ýaranyň gyralaryna daýanç döretmäge, onuň gyralaryny oňat birleşdirmäge we tikmäge ýol berýär. Dokumalarda kesim bölekleri döredilende çüýreme, ýaranyň gyralarynyň açylmagy we ýyrtylmagy görnüşindäki gaýrüzülmeleriň öňüni almak üçin bellibir düzgünleri berjaý etmek gerek. Kesim böleginiň çüýremeginiň öňüni almak üçin onuň ujy düýbünden inli bolmaly däldir (içinden uly arteriýa geçýän kesim böleklerinde kadadan çykmak bolar), onuň gyralary bolsa, biri-birine deň aralykda ugurdaş ýa-da ujuna tarap inçelýän bolmalydyr, mümkin boldugyça kesim böleginiň esasynda we tutuş ugry boýunça oňat gan üpjünçiligi bolmalydyr hem-de onuň şikeslenmesi-towlanmagy, ýiti burç bilen egrelmegi we dartylmagy aradan aýrylmalydyr. Ỳaranyň gyralarynyň açylmagynyň öňi olary oňat degşirmek, şikeslenmäniň we çekilmäniň bolmazlygy bilen alynýar. Ỳyrtylmasynyň, kesim böleginiň üzülip gopmagynyň öňüni almak onuň ölçegleriniň dogry meýilleşdirilmegi we dokumalaryň gatma-gat goparylmagy, olaryň süňkden goparylmagy bilen gazanylýar, ýaranyň gyralarynyň jübtek we gysgyçlar bilen şikeslenmegini aradan aýyrmaly.

Uzak wagt geçýän amallarda dokumalaryň guramaklygyna ýol bermeli däldir. Açyk ýaralary ýygy-ýygydan natriý hloridiniň izotoniki ergini bilen ölläp durmaly ýa-da ony ezilen hasa bilen örtmeli.

Amalyň tutuş dowamy boýunça ygtybarly edilip gan saklanylmalydyr. Ownuk damar gan akmasyny ýarany hasa tokgasy bilen basyp durmaklyk ýa-da wagtlaýyn-

ça gan saklaýjy gysgyjy goýmak arkaly saklamak bolar. Käbir ýagdaýlarda damarlary hasa tokgasy bilen basyp durmak bilen birwagtda gan saklaýjy dermanlar trombin ýa-da kollogen ulanylyp bilner. Gan saklamagy elektroköýdürmek usuly bilen berjaý edip bolar we bu ýagdaýda başga dokumalaryň ýanygy döremezligi üçin guralyň ujuny diňe ganaýan damara degirmelidir. Damar kesilen ýagdaýynda onuň uçlaryna gysgyçlary goýmak we olary ketgut bilen daňmak gerek. Damar tapylyp we ol kesilmeli ýagdaýynda, onuň töweregi doly boşadylyp, iki sany ketgut düwünlerini goýmak we olaryň arasy boýunça kesmek gerek.

Ýüzde amal geçirmek bilen aşakdaky damarlaryň – äňasty töwerekden, gulakýany-çeýneýiş töwereginiň aşak böleginden we ýaňakdan geçýän ýüz arteriýasynyň, çekge töwereginde ýerleşen çekge arteriýasynyň geçýän ýerlerini we ugurlaryny ýatdan çykarmaly däl. Boýnuň ýokarky gapdal böleginde uky arteriýanyň we ondan bölünýän damarlaryň, şeýle hem beýniniň gaty bardasynyň gowakly boşlugy bilen baglanyşykly bolan ganat şekilli wena çyrmaşygy arkaly akyp gelýän ganlary jemleýän ýüz wenasynyň bardygyna üns bermeli. Dogry we ygtybarly gan saklamak amal ýarasynda arassa, çalt işlemäge ýol berýär hem-de umumy we ýerli gaýrüzülmeleriň öňüni alýar.

Tikin goýmagyň tilsim talaplaryny berk berjaý etmek gerek. Tikin sapaklaryň, esasan, iki: ereýän we eremeýän görnüşi bar. Ereýän sapaklary, adatça, aýyrmak gerek bolmaýar (nemli barda goýlan has haýal ereýän sapaklar aýrylyp hem bilner), eremeýänleri aýyrýarlar. Ereýän tikin sapaklardan, köplenç ýagdaýlarda, ketgut ulanylýar. Ol öz berkligini dokumalarda 5–7 günüň dowamynda, hromlanan ketgut dokumalarda bolsa 9–14 günüň dowamynda saklaýar. Emma ketgut tikin sapagy dokumalarda jogap görnüşinde çişme hadysanyň döremekligine getirýänligi sebäpli ýüzde geçirilýän amallarda hemişe ulanylyp durulmaýar.

Eremeýän tikin sapagy görnüşinde ýüpek, neýlon, poliestr, polipropilen we ş.m. ulanylýar. Owadanlyk taýdan has kabul ederlikli bertik we az bildirýän jogap görnüşindäki çişme hadysa sintetiki sapaklar ulanylanda ýüze çykýar. Ol ýa-da başga tikin sapagyny ulanmaklyga bolan esasy görkezme onuň bilen aňsat işläp we berk düwün goýup bolýanlygydyr. Dokumalaryň her bir artykmaç we ýalňyş sanjylmagynyň owadanlyk netijesini peseldýänligini we çişme hadysa döremegine howp salýandygyny ýatda saklamak gerek.

Agyz boşlugynyň we ýüzüň ýumşak dokumalarynda işlenilende ulanylýan iňňäniň görnüşi dokumanyň görnüşine bagly bolup durýar. Deride, nemli bardada, süňk bardasynda ýiti kesiji, deşiji (üç gyraly) iňňeler bilen işlemek amatly bolýar, başga ýumşak dokumalarda togalak iňňeler amatlydyr. Emma ýörite gaplardaky sapagy iňňäniň yzyna berçinlenip sapylan «şikessiz» iňňeli sapaklar ulanylanda, togalak iňňeli sapaklar derini ýa-da nemli bardany tikmek üçin amatlydyr. Iňňeler we sapaklar dürli uzynlykda we aýlawlykda bolýar, şol sebäpli hem hemişe geregini saýlap almaly ýa-da amalyň tapgyryna baglylykda çalşyp durmaly.

Tikin goýlanda iňňäniň ortasyndan ýa-da uçly tarapynyň dörtden üç bölek uzynlyk daş ýerinden iňňe gysgyjy bilen tutmaly. Iňňäni ýaranyň ýüzüne göni, dik goýýarlar we artykmaç güýç sarp etmezden onuň aýlawy boýunça çümdürýärler (*6-njy surat*). Hirurgyň diňe barmaklary işlemelidir. Iňňe we sapak ýaranyň beýleki gyrasy boýunça geçirilende, dokumalara şikes ýetirmez ýaly ony gaty gysman, jübtek bilen saklamaly. Ýaranyň gyralary dartylman we çekilmän gabatlaşanda düwün goýulýar.



*6-njy surat.* Ýara tikilende iňňäniň sanjylyş ýagdaýy

Ýaralary muskullara, gatlagara dokuma bardalara, derasty gatlaga, derä, nemli bardaasty gatlaga, nemli barda, şeýle hem oňa süňk bardasy bilen bilelikde gatma-gat tikinler goýup tikmek gerek. Boşluk galmazlygy we onda gan ýygnanmazlygy üçin tikilýän dokumalaryň her bir gatyny barlamak gerek. Aýdylanlaryň öňüni almak üçin içinde galýan tikinler has berk çekdirilip düwülmeli däldir.

Ýaranyň gatma-gat tikilmegi onuň gyralarynyň oňat gelişmeklerini üpjün etmelidir. Derä tikin goýlanda ýaranyň gyralary yzygiderlikde biri-birine gabat gelmelidir. Ýaranyň gyralarynyň çöwrülmegi ýa-da onuň bir gyrasynyň galyp durmagy mümkin. Ýaranyň gyralarynyň çöwrülmeginiň öňüni almak üçin düşekçe tikinlerini goýýarlar (7-*nji a, b, ç, d, e, ä suratlar*). Sapaklary adaty ýa-da hirurgik düwün bilen, el ýa-da gurallar arkaly daňýarlar. Tikiniň düwni hemişe ýara çyzygyndan gapdalda ýerleşmelidir.

Deriniň ýüzleý gatynyň aşagy boýunça deri içinde ýerleşen tikini hem goýmak bolar (bu ýagdaýda soňraky ýara bertigi az bildirýär).

Ýüzde geçirilen amallardan soňra sargy hasalary ýa-da ýörite ýelimli zolaklar bilen ýeňil sargy goýýarlar. Ýüzüň ýaralaryndan adaty tikinler 6–7 günden, deri içre tikinler 8–10 günden soň aýrylýar.

Agyz boşlugynda geçirilýän amallaryň dodaklaryň, ýaňaklaryň, öýjükli ösüntgileriň, kentlewügiň, dilasty töweregiň, diliň nemli bardasynyň we başga dokumalaryň gurluşlary bilen şertlenen aýratynlyklary bar. Agyz boşlugynda kesimleri bir gezek ulanylýan ýiti päkiler bilen geçirýärler.




*7-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar*. Ýara gural bilen tikin goýluşy we ulanylýan tikin görnüşleri:
*a* – adaty düwünli tikin; *b* – düşekçe tikini; *ç* – dikleýin düşekçe tikini; *d* – iňňe gysgyjy bilen düwün goýluşy; *e* – ýönekeý yzygiderli tikin; *ä* – deriçre tikin

Dodaklaryň, ýaňagyň nemli bardasynda geçirilýän amallarda dokumalary kesip aýyrmak we açmak boýunça hasaplar takyk bolmagy üçin sebitleýin agyrysyzlandyrmany ulanmak hökmandyr. Biri-birine degýän ýarym aýlaw kesimler geçirýärler, üçburç görnüşli kesim bölekleri döredýärler, dokumalaryň şine (pahna) görnüşli kesilip aýrylmagyny amala aşyrýarlar. Amalyň maksatlaryna baglylykda nemli bardaasty dokuma gatlagyna we onda ýerleşen nem mäzlerine, muskullara üns berýärler. Käbir ýagdaýlarda tüýkülik mäziň çykaryş deşigine we çykaryjy akabasynyň ugruna üns bermek hökmandyr we kesim geçirilende oňa ýokardan ýa-da aşakdan ugurdaş geçirilmelidir.

Dilasty töwerekde geçirilýän amallarda dilasty we äňasty tüýkülik mäzleriň çykaryş deşiklerine we çykaryjy akabalarynyň ugurlaryna üns bermeli. Yzky böleginde, äň-dilasty ganawjykda geçirilýän amallarda şikes ýetirmezlik üçin ol ýerde dil nerwiniň, adybir arteriýanyň we wenanyň bardygyny ýatda saklamalydyr. Dilasty töwerekdäki amallarda kesimleri päkini süňke tarap gönükdirip, öýjükli ösüntginiň iç ýüzi boýunça geçirýärler we soňra kütek ýol bilen öň we yzky böleklerine geçýärler.

Dilde amal geçirilende ony hasa ýaglyjagy bilen ýa-da tutawaç tikinleri ulanyp saklamak gerek. Diliň üstünde geçirilýän amallarda nemli bardasty bir bölegi bi-

len bilelikde ýarym aýlaw kesimler geçirilýär. Diliň çuňňur böleklerinde geçirilýän amallarda dik kesimler geçirýärler we soňra kütek usul bilen gopargyç, damar tutujy inçe gysgyç ulanyp işleýärler. Gan saklanylandan soňra ketgut bilen içinde galýan tikinler, diliň nemli bardasynda bolsa ketgut, sintetiki ýa-da seýrek halatlarda ýüpek sapaklary ulanyp düşekçe tikinlerini goýýarlar. Diliň çäklenen iriňli ojaklary kesilip ýarylanda keseliň has güberçek ýeri boýunça öňden yza edip, diliň gapdal we uç gyralarynda ugurdaş kesimler geçirilýär.

Agyz boşlugynyň bosagasyndaky amallarda erkin nemli bardada we äňiň öýjükli ösüntgisinde kesim geçirýärler. Diş etiniň nemli bardasynda göni we kese kesim geçirip, nemli bardanyň bertik çekilmelerini we ýygyrtlaryny aýyrmak üçin garşylyklaýyn, ýerleri çalşyrylýan üçburç ýa-da gönüburç kesim böleklerini döredýärler.

Diş etlerinde süňke çenli ýarym aýlaw, burç şekilli ýa-da iki tarapy ugurdaş dörtburçluk şekilli kesimleri geçirmek maslahat berilýär, kähalatlarda diş etiniň gyrasy boýunça hem kesim geçirilýär. Soňra gopargyjyň kömegi bilen süňk bardaly-nemli barda kesim böleklerini serpikdirýärler (*8-nji a, b suratlar*).



*a*)



*b*)

*8-nji a, b suratlar.* Öýjükli ösüntgide döredilýän süňk bardaly-nemli barda kesim bölekleriniň görnüşleri: *a* – burç şekilli kesim bölegi; *b* – dörtburçluk şekilli kesim bölegi

Ýokarky we aşaky äňleriň bedeninde amal geçirmek üçin diş etiniň nemli bardasynyň geçiş ýygyrdyna geçýän serhedi boýunça göni kesim ulanylýar. Ganat şekilli aşaky äň boşlugyna barmak üçin adybir ýygyrt boýunça nemli bardany kesýärler we soňra kütek usul bilen girýärler. Kentlewükde geçirilýän kesimleri uly kentlewük we alynky deşiklerden çykýan damarly nerw dessejiklerini göz öňünde tutup amala aşyrmaly. Kentlewükde geçirilýän amallarda gorag plastmassa örtgüni ýasamagy we ýaranyň üstüni amaldan soňraky döwürde onuň bilen örtüp goýmagy maslahat berýärler.

Agyz boşlugynda kesilen dokumalaryň gatlaryna baglylykda ketgut ýa-da sintetiki sapaklary ulanyp, nemli barda düwünli ýa-da yzygiderli tikinleri goýýarlar. Iriňli ojaklar kesilip ýarylandan soňra iriň akmagyny inçe turbajyklar, onuň ýarty zolagy ýa-da rezin elligiň zolagy bilen amala aşyrýarlar. Ulanylýan iriň akdyryjylary ýüpek ýa-da poliamid sapaklar bilen dişlere, ýelimli zolaklar bilen ýüzüň derisine berkitmek gerek. Bu olaryň ýaranyň içinde ýa-da ondan-da çuňňur iteklenip, dokumalaryň içinde galmazlygy üçin edilýär.

Äň-ýüz töwereginiň amallaryndan soňra, köplenç, 2-4 sagadyň dowamynda ýarany sowatmak (buzly rezin meşijek bilen) gerek, käwagt sowuk bilen bejermegi 2-4 gün dowam edýärler.

Amaldan soňraky döwürde bejergi çemeleşigi keseliň, amalyň we ony geçirmegiň (gatnaw ýa-da ýatymlaýyn şertli bejergi bölümi) aýratynlyklaryna, şeýle hem näsagyň özbaşdak aýratynlyklaryna bagly bolup durýar. Ýatymlaýyn bejergi bölüminde depginli bejergi we janlandyryş çärelerini geçirmek üçin şertler we derman üpjünçiligi göz öňünde tutulan bolmalydyr. Agyr näsaglaryň toplumlaryň bejergisinde gemosorbsiýa, limfasorbsiýa, plazmaforez, giperbariki oksigenasiýa ulanmak oňat netije berýär.

Amaldan soňra agyz boşlugynyň arassaçylygyny saklamak gerek. Dürli arassaçylyk erginleri bilen çaýkamak, bulgurlary we jürdekli ulgamlary ulanyp ýuwmak bellenilýär. Çaýkamagy, ýuwmagy günde 5-6 gezek amala aşyrýarlar. Sargylary çalyşmagy özbaşdak çözýärler. Amalda we ýara saralan wagty tikinleriň arasynda dokuma suwuklygy, gan ýygnanan halatynda rezin zolaklary salýarlar we olary 1-2 günden aýyrýarlar.

Stomatologiýa merkeziniň (Saglyk öýüniň) şertlerinde geçirilen amallardan soňra, görkezmeler bolanynda näsaglara birnäçe günüň dowamynda suwuk nahar maslahat berilýär, ýatymlaýyn bejergi şertlerinde ýörite nahar görnüşlerini (№0, turbajyk arkaly goýberilýän; №2, äňi keselli näsaglar üçin) belleýärler.

## 3.3. HIRURGIK STOMATOLOGIÝADA DEONTOLOGIÝA

Hirurgik stomatologiýa bölümi, bu ugurda bejerilýän dürli näsaglara baglylykda öz aýratynlyklary bilen tapawutlanýar we bu ýerde işleýän saglygy goraýyş işgärleriň özboluşly ahlak kadalaryny we deontologiýany kesgitleýär.

Näsagyň kesel bejeriş edarasyna gelmeginiň ilkinji pursadyndan başlap, bu ýerde oňa doly kömek beriljekdigi barada ynam döretmek örän wajypdyr.

Hirurgik stomatologiýa bölümine düşýän näsag, köplenç ýagdaýda, ony durmuş betbagtçylygy diýip kabul edýär. Bu ýagdaýda lukman diňe bir näsagyň ýagdaýyna dogry baha bermek bilen çäklenmän, näsagyň özüni ýitirmeli däldigine, mertebesini saklamalydygyna we özüni kadaly we asuda alyp barmalydygyna ynandyrmaly.

Kesellän adam çäkli ýa-da doly erkinligini, durmuşda we işde, adaty hereket erkinligini ýitirýär. Bu zatlary agyr kabul edip, näsaglar üýtgäp bilýärler, ýagny «içki dünýä gidýärler». Bu ýagdaýda lukmanyň öňünde näsaga doly düşünmek, ony keseliň geçjekligi, özüniň tiz sagaljaklygy, üstüni alyp durmajaklygy barada ynandyrmak möhümdir. Eger-de hakykat ýüzünde kesel doly bejerilip bolunmajak bolsa hem şeýle etmeli bolýar. Bu babatda türkmen halkynyň ümmülmez ruhy baýlyk çeşmesi bolan milli mirasymyza degişli, ýaşaýyşa ruhlandyryjy «Dert be-

ren dermanyny hem berer!» ýaly ata-babalarymyzyň dana sözlerini, ajaýyp şahyrlarymyzyň goşgularyny näsaglara ýatlatmak ýerlikli bolar.

Häzirki zaman lukmançylyk ahlak kadalary lukmandan hereketleriniň ynamlylygyny we daşky asudalylygy talap edýär. Danalaryň aýdyşlary ýaly, «Asudalyk – akyllynyň güýjüdir».

Lukmanyň keseliň agyrlyk derejesini we onuň netijesini kesgitlemegi, onuň esasynda dogry bejergi usulyny saýlap almagy hünärmeniň wajyp häsiýetleriniň biri bolup durýar.

Hirurgik stomatologiýa bölümindäki näsaglaryň ýagdaýlary diňe bir adaty ten agyrysy ýa-da işjeňlik bozulma bilen kesgitlenilmän, olaryň aň ýagdaýy ýüzüň dokumalarynyň keşp bozulmasy bilen hem basylan bolýar. Bularyň hemmesi näsagyň gaharjaň bolmagyny we çetleşmegini kesgitleýär, özüni alyp barşy üýtgeýär, bular bolsa onuň maşgalasyna, jemgyýete bolan garaýyşlaryna erbet täsir edýär. Hirurg şu ýagdaýlary ýatda saklamaly we öz edýän hereketlerine tankydy göz bilen baha bermelidir.

Lukmanyň işiniň başga bir tarapy derman bejergisiniň saýlap alynmasydyr. Lukmanyň näsagy gysga wagtyň dowamynda güýçli dermanlar (ýokanja garşy dermanlar, gormonlar) ulanyp bejerjek bolmagy howpy köpeldip biler, şeýle hem maddy çykdajylar artýar, näsagyň bedenine zyýan ýetip biler; kähalatlarda bolsa, ulanylýan dermanlar ýeterlik derejede esassyz bolup durýar. Mysal üçin, köp alymlaryň boýun almaklaryna görä, dünýäniň ösen döwletlerinde hem ýokanja garşy dermanlary köp ýagdaýlarda ýeterlik görkezme bolmazdan belleýärler.

Şeýle hem bejergi usulyny we hususan-da, geçirilmeli kesimi ýa-da kemtikleriň bejergisinde döredilýän kesim bölekleriniň, dokumalaryň alynýan ýerlerini saýlap almaga örän köp üns bermeli. Hususan-da, mümkin boldugyça, kiçi kesim geçirilmeli, bildirmeýän ýerlerden we takyk gerek ölçeglerde dokuma alynmaly. Şeýle edilmedik ýagdaýda näsagyň ruhy-ahlak ýagdaýynyň dartgynly bolup galmagy mümkin. Bu, esasan hem, çagalarda we ýaş adamlarda ýüze çykyp biler.

Ahlak kadalaryny we edep-ekramyň kadalaryny berjaý etmek barada aýdylan we ýazylan zatlar köp, emma şu gün olara düşünmek ýa-da dogry baha bermek däl-de, olary berjaý etmek wajyp bolup durýar.

# IV BAP HIRURGIK STOMATOLOGIÝADA AGYRYSYZLANDYRMA

Lukmançylyk ylymlarynyň ösüşiniň häzirki zaman derejesi äň-ýüz töweregiňde her bir islendik amalda agyrysyzlandyrma geçirmeklige mümkinçilik berýär. Umumy, ýerli we utgaşdyrylan agyrysyzlandyrma bar. Utgaşdyrylan agyrysyzlandyrma – bu ýerli agyrysyzlandyrmanyň we bihuş etmegiň, ýerli agyrysyzlandyrmanyň we neýroleptoagyrysyzlandyrmanyň, bihuş etmegiň we neýroleptoagyrysyzlandyrmanyň, ýerli agyrysyzlandyrmanyň we ataralgeziýanyň we beýlekileriň utgaşdyrylmasydyr.

## 4.1. UMUMY AGYRYSYZLANDYRMA

Umumy agyrysyzlandyrma – bu derman serişdeler, fiziki we ruhy täsirler bilen merkezi nerw ulgamynyň öňki derejesine getirip bolýan togtadylan ýagdaýydyr. Ol agyry gyjyndyrma duýgurlygy basyp ýatyrmagy, neýrowegetatiw baglama we muskul gowşaklygyny döretmegi, ony uklatmagy, kadaly gaz çalşygy we gan aýlanyşygy saklamagy, alyş-çalyş hadysalaryň sazlaşyk ýagdaýyny aňladýar. Umumy agyrysyzlandyrma bihuş etmek, neýroleptoagyrysyzlandyrma, ataralgeziýa, merkezi agyrysyzlandyrma, ses bilen agyrysyzlandyrma we agyrysyzlyk ynamyny döretmek degişlidir.

**Bihuş etmek.** Bihuş etmek üçin, köplenç, derman serişdeleri, seýrek-fiziki täsirleri (elektronarkoz) ulanýarlar. Bihuş etmek üçin ulanylýan serişdeler neşe serişdeleri diýlip atlandyrylýar (umumy agyrysyzlandyryjylar). Bihuş etmegiň dem alyş arkaly hem-de dem alyş bilen däl görnüşleri bar.

Dem alyş bilen bihuş etmegi suwuk – buga meňzeş agyrysyzlandyryjylar (dietil efiri, ftorotan, trihloretilen, pentran, hloroform) ýa-da gaz görnüşli neşe serişdeler (turşan azot, siklopropan) bilen geçirýärler. Olar öýkeniň üstünden täsir edýärler. Dem alyş bilen bihuş etmek agyz-burun ýa-da burun nikabynyň (nikaply bihuş etmek), ýokarky dem alyş ýollaryndan daşary bihuş ediji garyndynyň gönüden-göni kekirdege we bronhlara eltýän ýörite lüläniň – kekirdek içre turbajygyň (kekirdek içre ýa-da turbajyk salmaklyk bilen bihuş etmek) kömegi arkaly geçirýärler. Näsagy agzy ýa-da burny boýunça laringoskopyň kömegi bilen göz astynda, burun boýunça görmän (laringoskopy ulanmazdan), çeýe endoskop enjamynyň kömegi bilen kekirdek turbajygyny salyp, aýratyn görkezmeler boýunça – emeli kekirdek deşiginiň üstünden bihuş ediji enjama birleşdirip bolar (*9-njy a, b, ç, d suratlar*). Oňat dolandyryjylyk – dem alyş bilen bihuş etmegiň esasy artykmaçlygydyr.




*9-njy a, b, ç, d suratlar.* Kekirdegiçre turbajygy salmaklyk bilen bihuş etmek:
*a* – laringoskopyň kömegi bilen agzy boýunça; *b* – laringoskopyň kömegi bilen burny boýunça; *ç* – burun boýunça görmän (laringoskopy ulanmazdan); *d* – emeli kekirdek deşiginiň üstünden

Dem alyşdan beýleki ýollar (wena içre, göni içege) arkaly geksenal, tiopental-natriý, propanidid (sombrewin, epontol), baýtinal, wiadril, natriý oksibutiraty, ketamin we ş.m. derman serişdeleri ulanýarlar. Bihuş etmegi bir agyrysyzlandyryjy bilen ýa-da iki we ondan-da köp agyrysyzlandyryjylaryň we beýleki derman serişdeleri bilen utgaşykly geçirip bolar.

Ýüzüň we äňleriň uly amallarynda kekirdek içre turbajyk salyp, dem alyş bilen utgaşykly bihuş etmegi ulanýarlar. Bihuş ýagdaýyna girizmek bir umumy agyrysyzlandyryjynyň kömegi bilen amala aşyrylýar, bihuş ýagdaýynda saklamagy bolsa, beýleki agyrysyzlandyryjynyň kömegi bilen geçirýärler.

Ondan başga-da, berk gönükdirilen täsirli derman serişdelerini ulanýarlar. Stomatologiýa merkezinde, Saglyk öýünde ýa-da ýatymlaýyn bejergi bölümde näsaglarda uzak wagtlyk bolmadyk amallar geçirilende, dem alyş bilen (nikaply, burundan damaga salnan) ýa-da wena içre bihuş etmegi ulanýarlar.

Elektrobihuş etmegi impulsly sinusoidal we interferension elektrik toguny öndürijiniň kömegi bilen geçirýärler.

Stomatologiýa işinde dişiň gaty dokumalarynyň elektroagyrysyzlandyrmasyny ýörite enjamlaryň kömegi bilen geçirýärler. Işjeň simi diş gyryjy enjamyň äýnegine, beýleki gurallara birikdirýärler. Agyrysyzlandyrmanyň netijeliligi hemişelik däl.

**Neýroleptoagyrysyzlandyrma.** Bu usulda ýetirilýän şikes agyrysy bihuş etmek üçin neşe serişdesi ulanmazdan aýrylýar. Agyry duýgularyny aýyrmak çuňňur

agyrysyzlandyrmany we aňyny ýatyrmazdan, neýrolepsiýany maksadalaýyk utgaşdyrmak arkaly gazanylýar, ýagny wena içre goýberilýän güýçli agyrysyzlandyryjy fentanil we neýroleptik degidrobenzoperidol (droperidol) ulanylýar. Aňynyň biperwaý ýagdaýy, hereketsizlik we neýrowegetatiw duýgurlygy peseltmek onuň mahsus alamatydyr. Neýroleptoagyrysyzlandyrmanyň dürli usullary, şol sanda bihuş etmek ýa-da ýerli agyrysyzlandyrma bilen birlikde ýatymlaýyn stomatologiýa bölümdäki näsaglarda dürli amallarda giňden ulanylýar.

**Ataralgeziýa** – umumy agyrysyzlandyrmanyň görnüşi bolup, onuň esasynda rahatlandyryjy dermanlaryň we agyrysyzlandyryjylaryň kömegi bilen näsagyň aňynyň rahat ýagdaýyna we güýçli agyrysyzlandyrma ýetmeklik ýatyr. Aňy ýatyrmaklyga turşan azotyň köp bolmadyk mukdaryny dem aldyrmak arkaly ýetilip bilner. Ataralgeziýa üçin, köplenç, seduksen, fentanil, dipidolor, pentazosin, deksotromoramid ulanylýar. Ataralgeziýany geçirmegiň köp usullary bar, şol sanda özüniň dem alýan ýagdaýynda ýerli agyrysyzlandyrma bilen utgaşdyryp ulanmak hem bu usullaryň biridir. Usul ýatymlaýyn bejergi bölüminiň we Stomatologiýa merkeziniň (Saglyk öýüniň) şertlerinde näsaglarda giňden ulanylýar.

**Merkezi agyrysyzlandyrma.** Bu usulda amal şikesiniň agyrysyndan goramaklyk neşe agyrysyzlandyryjylaryň uly mukdary bilen ýetilýän (morfin, fentanil, pentazosin) çuňňur merkezi agyrysyzlandyrma arkaly geçirilýär. Bu serişdeler agyry duýgularyny geçirmeklige we agyra garşylygyň döremekligine jogap berýän nerw merkezleriniň işleýşini bozýarlar. Bihuş ýagdaýyna geçmezden agyry duýgurlygy ýitýär, agyra bolan bedeniň aňly we aňsyz jogaplary aýrylýar. Bu usul berk görkezmeler boýunça ulanylýar.

**Ses bilen agyrysyzlandyrma we agyrysyzlyk ynamyny döretmek.** Ses bilen agyrysyzlandyrma kelle beýni gabygynyň ses seljeriş merkezinde gyjynmany syzyş ojagyny döretmeklige onuň hem beýniniň beýleki böleklerinde ýaýraň togtama getirýän ýagdaýy döretmegine esaslanandyr. Bu eşidiş seljeriş merkezine bellibir ýygylyk göwrümli ses habarlarynyň täsiri bilen gazanylýar.

Agyrysyzlyk ynamyny döretmek ruhy bejergi täsiriň görnüşi hökmünde agyry alamaty bolan keseller bejerilende, ýüzde we äňlerde ýerleşen dürli görnüşli agyrylarda, örän seýrek – diş sogrulanda ulanylýar.

**Iňňe sançmak bilen agyrysyzlandyrma.** Iňňe bilen sanjym gyjyndyrylyşynyň ýa-da elektrik toguň bellibir nokatlara täsiri netijesinde gazanylýar. Iňňe sançmak bilen agyrysyzlandyrma amaldan soňky döwürde utgaşdyrylan umumy agyrysyzlandyrmanyň agyry aýryjy bölegi hökmünde ulanylýar. 693 nokadyň 116-sy diş keselleri bejermek üçin ulanylýandygy sebäpli, olaryň köpüsi diş agyrysyny aýyrmak üçin ulanylýar.

### 4.1.1. Bihuş etmegi ýatymlaýyn bejergi bölüm ýagdaýynda geçirmek

#### 4.1.1.1. Näsagy bihuş etmäge taýýarlamak

Bihuş etmegiň we amalyň öňünden näsaga ruhy bejeriş täsiri bilen bilelikde, agyz boşlugyny we aşgazan-içege ýollaryny taýýarlamagy, belli maksat bilen derman serişdelerini goýbermegi özünde jemleýän taýýarlaýyş çäreleriniň toplumyny geçirýärler.

Bejeriji lukmanyň geçirýän ruhy taýýarlygy oňaýly duýgy ýagdaýyny döretmegi göz öňünde tutýar. Ony näsag ýatymlaýyn bejergi bölümine gelen wagtyndan başlaýarlar. Ruhy taýýarlygyň netijesi köşeşdiriji derman serişdeleriň berilmegi bilen güýçlendirilip bilner.

Agyz, burun boşlugy we damak sagdynlaşdyrylan, yrgyldaýan dişler (esasan hem, alynkylar) wagtlaýyn plastmassa seýikler bilen berkidilen bolmalydyr.

Bihuş ýagdaýynda gaýtarmazlyk üçin we aşgazan suwuklygynyň gelmegine ýol bermezlik üçin näsagy agşam we amalyň öňüsyrasynda naharlamaýarlar, amalyň öňünden, giçlik göni içegäni ýuwmak arkaly arassalaýarlar. Näsag amalyň öňünden hökman hajathana girmelidir. Amalyň we bihuşlygyň öňünde bolan gorkuly duýgulary, şeýle hem bile geçýän keselleri nazara almak bilen derman taýýarlygy geçirilýär. Ony geçirmek üçin uky dermanlary (0,1 *g* natriý etaminaly, 0,1 *g* fenobarbital), agyry aýryjylary (promedolyň 2%-li ergini, morfiniň gidrohloridiniň 1%-li ergini, analginiň 50%-li ergini), M-holinolitikler (atropin sulfatyň 0,1%-li ergini, metasiniň 0,1%-li ergini we ş.m.), gistamine garşy serişdeler (dimedrolyň 1% -li ergini, suprastiniň 2%-li ergini, pipolfeniň 2,5%-li ergini) we köşeşdirijiler ulanylýar. Bolup biläýjek gaýrüzülmeleriň öňüni almak maksady bilen derman taýýarlygy anesteziolog-lukman tarapyndan onuň umumy ýagdaýy, geljekki amalyň häsiýetini we agyrysyzlandyrmanyň usulyny nazara alyp bellenýär.

#### 4.1.1.2. Kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmegiň aýratynlyklary

Stomatologik näsaglarda kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmek umumy hirurgik näsaglardaky ýaly geçirilýär. Emma äň-ýüz töwereginiň keselleriniň geçişiniň häsiýeti kekirdege turbajyk salmakda dürli kynçylyklary döredip biler. Bulara agzyň erbet ýa-da asla açylmaýan ýagdaýy bolan keseller (ankilozlar we äňleriň dartgynly ýapylmalary), diliň, agyz boşlugynyň düýbüniň, damagyň, bokurdagyň çişleri, mikrogeniýa, makrognatiýa, kiçi agyz, boýun töwereginiň bertikleri we ş.m. degişli.

Munuň ýaly näsaglarda kekirdege turbajygy salmagy kähalatlarda diňe fibroskobyň kömegi bilen geçirip bolýar. Amal wagtynda näsagyň kellesiniň süýşmegi kekirdek turbajygynyň çykmagyna getirip biler, şonuň üçin kekirdek turbajygyny örän pugta we ygtybarly berkitmek meselesi ýüze çykýar. Şeýle hem lüläniň eplenmegi bilen dem alyş ýetmezçiliginiň döremegi mümkin we şunuň ýaly ýagdaýda simden tor özenli lüläni ulanmak howpsuz bolýar. Bihuş ýagdaýda we amal wagtynda ganyň we tüýküligiň dem alyş ýollaryna düşmek howpy doly diýen ýaly aradan aýrylan we şol bir wagtyň özünde ýokarky dem alyş ýollarynyň geçirijiligi saklanan (hemişelik gözegçiligiň astynda). Ýöne amaldan soňky döwürde diliň, agyz boşlugynyň düýbüniň, ýumşak dokumalarynyň ýellenmegi, agyzda suwuklyk bölüp çykarýan ýaralaryň bolmagy, ýokarky dem alyş ýollarynyň dokumalarynyň gurluşynyň üýtgemeleri netijesinde dem alyş ýetmezçiligini döremekligi mümkin.

Äň-ýüz töwereginiň gowy damarlanandygy, arteriýa we wena ulgamlarynyň aýratynlyklary sebäpli käbir amallar wagtynda köp gan akma döreýär. Ony adaty usullar bilen elmydama saklap bolmaýar. Şonuň üçin hem ýitirilen ganyň öwezini öz wagtynda we doly göwrümde dolmagyň uly ähmiýeti bar. Amal wagty we amaldan soňky döwürde kadalaşdyrmany talap edýän turşy-aşgar ýagdaýynyň we suw-mineral elektrolit deňagramlylygy bozulýar. Amal geçirilýän näsagyň ýüzi zyýansyzlandyrylan mata bilen ýapylýar, şonuň üçin hem anesteziolog bihuş ýagdaýynyň çuňlugyna gözegçilik etmek üçin göz gyjynma jogap duýujylygyny ulanyp bilmeýär. Şol sebäpli hem anesteziologyň hünärmen derejesine aýratyn uly talaplar bildirilýär.

Agyz boşlugyndaky amallarda ýokarky dem alyş ýollarynyň nemli bardasynyň gyjynma jogap duýujylygyny ýokarlandyrýandyklary sebäpli umumy agyrysyzlandyryjylary ulanmak maksadalaýyk däldir (siklopropan, hloroform, hloretil, ketalar). Olar ulanylan ýagdaýynda, esasan hem, damagyň agyz böleginde we bokurdakda geçirilýän amallarda, köplenç, gyjynma jogap görnüşinde bokurdak ýa-da bronh daralmasy döreýär. Berk seresaplylyk, bihuş etmegiň we amalyň aýratynlyklaryny nazara almak umumy agyrysyzlandyrmanyň sag-aman geçmeginiň kepilidir we olar stomatologik näsaglarda agyr gaýrüzülmeleriň döremeginiň mümkinçiliklerini aradan aýyrýar.

#### 4.1.1.3. Kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmäge bolan görkezmeler we garşy görkezmeler

***Kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmäge bolan görkezmeler.*** Kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmek äň-ýüz töwereginiň, agyz boşlugynyň dokumalarynyň we synalarynyň gurluş gatnaşyklarynyň üýtgemeleri netijesinde döreýän ýokarky dem alyş ýollarynyň geçirijiliginiň bozulma howpy bilen geçirilýän amallarda; kekirdege we bronhlara ganyň, tüýküligiň we özge jynslaryň düşmek howpunda görkezilen. Ony uzak we agyryly amallarda, haçanda: içki

synalaryň we ulgamlaryň bozulmalaryň öňüni almak gerek bolan halatynda; ýüzüň ýumşak dokumalarynda geçirilýän amallarda, eger-de bihuş nikaby amal meýdanyny ýapanynda; janlandyryş çäreleri geçirilende ulanylýar.

Stomatologik ýatymlaýyn bejergi bölüminde kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmek bilen aşakdaky amallary geçirýärler: ýokarky we aşaky äň kesilip aýrylmagy, boýnuň dokumalaryny gatlaklary bilen kesip aýyrmak, diliň kesilip aýrylmagy; ankilozly çekge-aşaky äň bognuň osteotomiýasy, ýokarky we aşaky äňleri täzeden gurnama amallary; düýpli uranostafiloplastika, bertikleri kesip aýyrmak we olaryň ýerlerini deri kesim bölegi bilen ýa-da Filatowyň baldak şekilli kesim bölegi bilen doldurmak; ýüzüň, diliň, agyz boşlugynyň ýumşak dokumalarynyň damar çişlerini kesip aýyrmak; ýüzüň we boýnuň ýumşak dokumalarynda plastik we täzeden gurnama amallar, gulakýany tüýkülik mäziň çişlerini kesip aýyrmak we beýleki giňişleýin amallar.

***Kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmäge bolan garşy görkezmeler.*** Olar ýokarky dem alyş ýollarynyň ýiti keselleri, ýiti bronhitler, damagyň we öýkenleriň ýiti çişme keselleri, ýokanç keseller, bagryň we böwrekleriň ýiti çişme keselleri, ýürek muskulynyň infarkty, uýgunlaşmasyz ýürek-damar ýetmezçiligi, içki bölüp çykaryjy mäzleriň ýiti keselleri bolup durýar.

### 4.1.2. Stomatologiýa merkezinde bihuş etmegi geçirmek

#### 4.1.2.1. Stomatologiýa merkezinde näsagy bihuş etmäge taýýarlamak

Stomatologik näsaglaryň köpüsiniň bile geçýän keselleri bolup bilýär. Ýöne Stomatologiýa merkeziniň şertlerinde näsagyň umumy ýagdaýyny barlamaga anesteziolog-lukmanyň mümkinçilikleri azdyr. Lukman ömür we kesel taryhyny ýygnap, arterial basyşy ölçäp we damar urgusyny sanap biler, ýönekeý dem alyş barlaglaryny geçirip biler.

Ömür we kesel taryhyny ýygnap, anesteziolog onuň geçiren we bile geçýän kesellerini anyklaýar, näsagyň ýaşyny, onuň beden gurluşyny we kaddyny belläp alýar. Lukman näsagyň ulanýan derman serişdeleriniň häsiýetlerini we olaryň uzaklygyny, neşä, araga we çakyr önümlerine, ajy çaýa we kofýä bolan meýlini anyklaýar. Aýallarda göwreliligiň barlygyny ýa-da ýoklugyny, iň soňky aýbaşynyň wagtyny anyklamak gerek, sebäbi gan ýitirilende käbir agyrysyzlandyryjylar bilen bihuş etmekligi geçirmek lagtalanma hadysasynyň peselmegine we gan akma getirip biler. Näsagyň soňky gezek nahar iýen wagtyny anyklamak gerek (bihuş etmekligi nahar iýeninden soň, azyndan 4-5 sagat soň geçirip bolýar, ýagny aşgazan boş bolmaly).

Stomatologiýa merkeziniň şertlerinde näsagyň ruhy taýýarlygyny geçirýärler. Oňa geljekki agyrysyzlandyrmanyň manysyny, başdan geçirjek duýgularynyň häsiýetini düşündirýärler, nikap goýlanyndan soňra dogry we rahat dem almagy

we uka gitmeklige garşylyk görkezmezligi teklip edýärler. Bolup biläýjek gaýrüzülmeleriň öňüni almak maksady bilen, derman taýýarlygyny geçirmeýärler ýa-da bihuş etmekligiň 45 *min* öňünden atropin sulfadyň 0,1% ergininiň 0,5––1,0 *ml*-ini deri astyna goýbermek bilen çäklenýärler. Bu tüýkülik we bronh mäzleriniň suwuklyk çykaryjylygyny azaldýar we azaşan nerwiň (n. vagus) dartgynlygynyň ýokarlanmagy netijesinde döräp biljek bokurdak daralmasynyň we beýleki gerekmejek ýagdaýlaryň öňüni alyş çäresidir. Durnuksyz nerw ulgamly näsaglara bihuş etmekligiň 2-3 gün öňünden pes köşeşdiriji dermanlary belleýärler.

Stomatologiýa merkeziniň şertlerinde uky dermanlaryny, neşe we gistamine garşy serişdeleri ulanmak zerur däldir.

#### 4.1.2.2. Bihuş etmekligiň aýratynlyklary

Stomatologiýa merkeziniň şertlerinde bihuş etmek geçirilende, goşmaça täsir bilen näsagyň çalt uklamagyny we çalt açylmagyny üpjün edýän umumy agyrysyzlandyrmany ulanmak gerek. Ol ýalyn howply bolmaly däldir we partlama howply garyndy emele getirmeli däldir. Bihuş etmek howpsuz, ondan soňky döwür gysga wagtlaýyn bolmalydyr (1-1,5 sagatdan köp däl).

Stomatologiýa merkeziniň işiniň aýratynlyklary sebäpli näsagda umumy agyrysyzlandyrma diş bejeriş oturgyjynda oturan ýa-da gyşaryp ýatan ýagdaýynda geçirilýär. Kekirdege we bronhlara tüýküligiň, nemiň, ganyň, dişiň döwükleriniň düşmegine ýol bermezlik üçin agyz boşlugyny damakdan hasa tokgasynyň ýa-da peltesiniň kömegi bilen baglaýarlar.

#### 4.1.2.3. Bihuş etmäge bolan görkezmeler we garşy görkezmeler

***Bihuş etmäge bolan görkezmeler.*** Bihuş etmeklige bolan umumy we ýörite görkezmeler bolýar. Agyrysyzlandyrmanyň usuly hökmünde saýlanyp alnan bihuş etmekligiň umumy görkezmeleri aşakdakylardyr:

1. Ýerli agyrysyzlandyryjy ergin goýberilmeginde döreýän beden tarapyndan ýokary duýgurlyk (deri örtüginiň gyzarmagy, gijilewük, deri örgünleri, solgunlyk, ýürek bulanma, gaýtarmak, arterial gan basyşynyň peselmegi ýa-da anafilaktiki şok);

2. Ýerli agyrysyzlandyryja bolan ýokary duýgurlyk (götermezlik), haçanda onuň adaty ýa-da ondan hem az mukdarynyň goýberilmeginiň zäherlenme alamatlary bilen geçmegi;

3. Ýerli agyrysyzlandyrmanyň täsiriniň ýoklugy ýa-da ony ulanyp bolmazlygy (üýtgän bertikli dokumalar, soňra dörän kemtikler netijesinde dörän synalaryň we dokumalaryň gurluşynyň üýtgemeleri, iriňli çişme ojaklarynyň barlygy we ş.m.);

4. Näsagyň aňynyň durnuksyzlygy (geljekki amalyň öňünde bolan öňüni alyp bolmaýan gorky, diş bejeriş oturgyjyndan we gurallardan gorkusy);

5. Näsagyň aňynyň kemçiligi (kemakyllyk, geçirilen beýni gabyk çişme keseliniň gaýrüzülme netijeleri we ş.m.);

6. Geçiriljek amalyň has şikesliligi;

7. Çagalarda geçirilýän amallar.

Ýörite görkezmeler keseliň häsiýetine, onuň ýerleşişine, geçirilmeli amalyň şikesliligine, onuň uzaklygyna, näsagyň ýaşyna, onuň nerw ulgamynyň, içki synalarynyň ýagdaýyna, umumy agyrysyzlandyryjynyň täsir ediş häsiýetlerine baglydyr. Aýdylanlar her bir näsag üçin agyrysyzlandyryjynyň özbaşdak saýlanylmagyny öňünden kesgitleýär. Bu meseläni çözmek anesteziolog lukmanyň başarnygyna bagly bolup durýar.

***Bihuş etmäge bolan garşy görkezmeler.*** Stomatologiýa merkezinde bihuş etmäge bolan garşy görkezmeler şulardan ybarat: uýgunlaşmasyz ýürek-damar ýetmezçiligi, ýürek muskulynyň infarkty we 6 aýa çenli ondan soňky döwür, infarktdan soňky alamatlar toplumy, bildirip duran ganazlyk, bronhial dem gysmasynyň agyr görnüşi, ýiti alkogol we neşe serhoşlygy, böwrek üsti mäziň keselleri (feohromositoma we ş.m.), glýukokortikoid dermanlaryň uzak wagtlap alynmagy (kortizon, gidrokortizon, prednizolon, deksametazon we beýlekiler), ýokarky dem alyş ýollarynyň ýiti çişme keselleri, öýken çişme keselleri, bildirip duran tireotoksikoz, uýgunlaşmasyz süýji keseli, garaguş keseliniň ýygy tutgaýlary, iýmitden doly aşgazan.

### 4.1.3. Bihuş etmek üçin ulanylýan derman serişdeler

**Turşan azot** – ýiti ysly, reňksiz gaz. Dem alyş ýollarynyň nemli bardasyny gyjyndyrmaýar, dem alşy we gan aýlanyşy basmaýar. Bu iň zyýansyz agyrysyzlandyryjy. Turşan azot bilen umumy agyrysyzlandyrmanyň kemçilikleri: çuňňur uka giderip bolmaýanlygy, esasan hem, bedeni berk adamlarda; göçgünlilik döwrüniň güýçlüligi, çeýneýiş muskullaryň gowşamasynyň ýoklugy. Turşan azot bilen geçirilýän bihuş etmekligiň agyrysyzlyk döwründe 1-2 dişi sogurmak, diş sebäpli periostitde ýa-da ýiti iriňli osteomiýelitde kesim amala aşyrmak, kistalarda sanjyp barlamak, ýüzleý ýerleşen iriňli ojagy (abssesi) kesip ýarmak, agyryly ýaranyň sargysyny çalyşmak, anyklaýyş sanjymy ýerine ýetirmek we beýleki az şikesli amallary geçirmek bolýar.

**Ftorotan (flýuotan, galotan, narkotan)** – özüne mahsus bolan ysly, reňksiz, dury suwuklyk, dem alyş ýollarynyň nemli bardasyny gyjyndyrmaýar, nem we tüýkülik mäzleriň suwuklyk bölüp çykaryjylygyny basýar, agyz boşlugynda stomatolog – hirurg işlär ýaly, ýagny çeýneýiş muskullaryň gowşamasyny döretmek bilen oňaýly şertleri döredýär. Ftorotan agyrysyzlandyryjy häsiýetleri boýunça efirden 4 esse, hloroformdan 2 esse we turşan azotdan 50 esse güýçli maddadyr. Ftorotan bilen geçirilýän bihuş etmekligiň birnäçe: tiz döreýän mukdar artykmaçlygy, ýürek-damar we dem alyş ulgamlarynyň işiniň basylmagy (arterial basyşyň peselmegi, ýürek urmasynyň haýalla-

magy) ýaly kemçilikleri bar. Stomatologiýa merkezinde, şeýle hem ýatymlaýyn bejergi bölümde, ftorotan bilen turşan azotyň bilelikde nikaply bihuş etmeklige bolan ýörite görkezmeler şu aşakdakylar bolup biler: bir amal wagtynda bir ýa-da iki äňde birnäçe diş sogurmak, ýiti periostitde ýa-da osteomiýelitde, äňýany abssesde ýa-da flegmonada kesim geçirmek, äň döwlende onuň böleklerini gurşap alýan tikin ýa-da ýörite ilgençekler bilen ýerine salynmagy we berkitmesini geçirmek, çekge-aşaky äň bognunyň çykygynda äňi ýerine salmak, nemli bardanyň we äňleriň uly bolmadyk howpsuz çişlerini kesip aýyrmak, diş kariýesiniň gaýrüzülmelerini bejermek, dişleri emeli täç üçin gyrmak we dowamlylygy 15 *min*-dan köp bolan beýleki amallar.

**Siklopropan** – süýjümtik ysly, reňksiz gaz. 5 atmosfera basyş bilen gyzyl reňkli alýumin gaplarda çykarylýar. Siklopropan howa, kislorod we turşan azot bilen howply partlaýjy garyndy emele getirýär. Şonuň üçin hem ony stomatologik näsaglarda uçgun dörediji diş gyryjy enjam, elektropyçak we uçgun dörediji başga enjamlary işledip ulanmak örän howpludyr. Madda dem alyş ýollaryny gyjyndyrmaýar: süýji keselinde, bagryň we dem alyş ýollarynyň kesellerinde ulanmak görkezilen. Ony ýürek işleýşiniň geçirijiliginiň sazlaşygy bozulan näsaglarda ulanmak howpludyr.

**Pentran (metoksifluran)** – mahsus bolan ysly, reňksiz, dury suwuklyk, dem alyş ýollarynyň nemli bardasyny gyjyndyrmaýar, ýürek-damar ulgamynyň işini basmaýar, güýçli narkotiki agyrysyzlandyryjydyr. Bihuş etmekden soňra oýanma haýal geçýär. Bihuş etmekden soňky sussupeslik diňe 2-3 sagatdan soň aýrylýar. Stomatologiýa işinde pentran gysga wagtlaýyn amallarda agyrysyzlandyrma geçirmek üçin ýa-da ýüzde we äňlerde geçirilýän giňişleýin amallarda utgaşykly agyrysyzlandyrmanyň bir bölegi hökmünde ulanylýar.

**Geksenal** – ak ýa-da sarymtyl reňkdäki külke. Adaty ukyny ýatladýan uky ýagdaýyny döredýär. Amaly işde bihuş etmekligiň edil öň ýanynda natriniň hloridiniň fiziologiki ergininde eredilen geksenalyň 1-2,5%-li ergini ulanylýar. Ol, köplenç ýagdaýlarda, bihuş etmeklige giriş üçin ýa-da ýatymlaýyn bejergi şertlerinde gysga wagtlaýyn amallarda ulanylýar. Serişdäni 1 *g*-dan artyk goýbermek bolmaýar.

**Tiopental natriý** – ýaşylymtyl reňkli külke. Bihuş etmekligiň edil öň ýanynda taýýarlanylan serişdäniň 1–2,5%-li erginlerini ulanýarlar. Ony bihuş etmeklige giriş üçin ulanýarlar. Wena içre goýbermek üçin iň ýokary mukdary 1 *g*. Agyz boşlugynyň düýbüniň, diliň kökünïň, damakýany boşlugyň we boýnuň flegmonalarynda barbituratlary ulanmak garşy görkezilendir. Barbituratlaryň birnäçe oňaýsyz häsiýetleriniň barlygy sebäpli (gan aýlanyşygy we dem alşy basmak, bokurdagyň tutgaýly gysylmasyny döretmek howpy, uzaga çekýän ikilenç uky) Stomatologiýa merkeziniň şertlerinde stomatologik näsaglarda geksenal we tiopental-natriy örän seýrek ulanylýar.

**Propofol** – suwda örän kynlyk bilen ereýär we şol sebäpli hem izotonik ýag emulýasiýasy görnüşinde öndürilýär. Propofol tiz täsir edýän, bihus etmekligiň girişinde, gysga wagtlaýyn hirurgik amallarda we beýleki agyryly bejeriş we anyklaýyş çärelerinde ulanylýan serişdedir. Bihuş edijini alandan 20–30 *sekuntdan* soňra,

umumy anesteziýanyň hirurgiýa stadiýasy ýüze çykýar we goýberilmegi bes edilenden soňra gysga wagtda (8–10 *minutyň* dowamynda) bihuşlykdan oýanýarlar. Propofol wagotonik täsirli anestetikdir. Bokurdak we kekirdek refleksleri peselýär. Bu bolsa laringeal nikabyň ulanylmagyna amatly şert döredýär. Ol beýni gan akymyny, beýniniň kislorod alyş-çalşygyny we kelle-çanak içiniň basyşyny peseldýär. Ýürek--gan damar ulgamyna edýän täsiri gipotenziýa we bradikardiýa bilen häiýetlendirilýär. Dem alyş, ýürek-damar ýetmezçiliginde we gartaşan ýaşly adamlarda ulanmak garşy görkezilendir.

**Natriý oksibutirat** – rahatlandyryjy we narkotiki täsir edýär, bedeniň kislorodsyz şertlere durnuklylygyny ýokarlandyrýar. Bihuş etmeklige giriş ýa-da özbaşdak bihuş etmek üçin ulanmak bolar.

**Ketamin (kalipsol, ketalar, ketažest)** – wena içre we muskul içre bihuş etmek üçin ulanylýar. Bihuşlyk ýagdaýy tiz döreýär: wena içre goýberilende, 15 sekuntdan soňra, muskul içre ulanylanda, 2-den 10 *minuta* çenli. Ketamin bilen bihuş etmek ýüzdäki we agyz boşlugyndaky amallarda üstünlikli ulanylýar.

### 4.1.4. Ýürek–öýken reanimasyýasynyň esaslary

Ýüregiň we dem alşyň 3–5 *minutyň* dowamynda togtamagy yzyna gaýtaryp bolýan ölüme getirýär. Onuň yzy bilen bedende yzyna gaýtaryp bolmaýan üýtgemeler bilen biologik (kliniki) ölüm gelýär. Ýürek togtanyndan soňra bedeniň kadaly gyzgynlygynda kelle beýniniň kadaly işjeňligi diňe 3–5 *minutyň* dowamynda saklanýar. Şonuň üçin hem bedeni janlandyrmaklyga gönükdirilen çäreler ýüregiň we dem alşyň togtamagynyň alamatlary ýüze çykarylandan soňra şol wagt, ýagny yzyna gaýtaryp bolýan ölümde bada-bat başlanylmalydyr.

Yzyna gaýtaryp bolýan ölümiň alamatlary: 1) uly arteriýalarda (uky, but) damar urgusynyň bolmazlygy; 2) dem alşyň bolmazlygy; 3) göreçleriň giňelmegi we olarda ýagtylyga bolan duýgurlygyň bolmazlygy, şeýle hem 4) huşunyň bolmazlygy; 5) gyjyndyrma bolan duýujylyk jogabyň bolmazlygy; 6) doly hereketsizlik ýagdaýy; 7) bedeniň deri örtükleriniň reňkiniň üýtgemegi.

Ýürek-öýken reanimasiýasy, ýagny janlandyrmasy dem alyş ýollarynyň geçirijiligini dikeltmek üçin, öýkenleriň emeli dem alşyny, gan aýlanyşygy ýüregiň ýapyk owkalamasy arkaly dowam etdirmekligi, derman serişdeleri goýbermekligi we geçirilýän çäreleriň netijeliliginiň elektrokardiografiki barlagyny, ýüregiň defibrilýasiýasyny, janlandyrmadan soňky döwürde bedeniň işjeňlik ukyplaryny kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen depginli bejergini göz öňünde tutýar.

Reanimasiýa çäreleriniň soňky iki tapgyryny ýöriteleşdirilen gullugyň lukmanlary geçirýärler (tiz kömek, anesteziologiýa we reanimasiýa bölümleri we ş.m). Näsagyň janyny kesgitleýän ilkinji üç tapgyryň çärelerini diňe lukmanlar däl (şol sanda stomatolog), eýsem, orta saglygy goraýyş işgärleri hem başarmalydyrlar.

Dem alyş ýollarynyň geçirijiligini dikeltmeklige örän az wagt sarp edilip, berjaý edilmelidir. Dem alyş ýollarynyň ýapylmagy (bölekleýin ýa-da doly) diliň yza basylmagy, agyzda we damakda nemiň, gusuk maddalaryň, ganyň, özge jynsyň ýygnanmagy we düşmegi, bokurdagyň ýa-da bronhlaryň ýygrylmasy netijesinde döräp biler. Kellesini arkan gaýşardyp näsagy arkasyna ýatyrmaly (gaty ýerde), agzyny nemden, gandan, gusuk maddalardan, özge jynslardan arassalap, ony açmaly we aşaky äňi öňe çekmeli (*10-njy a,b,ç,d,e suratlar*).



*a*) *b*) *ç*) *d*) *e*)

*10-njy a, b, ç, d, e suratlar.* Dem alyş ýollarynyň geçirijiligini dikeltmek: *a* – agyz boşlugyny we damagy tüýkülikden, gandan, gusma maddalardan we özge jynsdan arassalamak; *b* – diliň yza basylmagy; *ç* – diliň yza basylmaklygyny kellesini arkan gaýşardyp aýyrmak; *d*, *e* – diliň yza basylmaklygyny aşaky äňi öňe süýşürmek bilen aýyrmak

Ondan soňra näsagyň öýkenine howa (kislorod) üflemegiň işjeň usullaryny «agyzdan agza» ýa-da «agyzdan burna», S-görnüşli trubajyk arkaly ýa-da göterilýän dem alyş РПА-1 ýa-da РДА-1 enjamlarynyň («körük sanajy» ýa-da Ambu haltasy görnüşindäki) kömegi bilen *emeli dem bermeklige* başlamaly. Bir minutda azyndan 12 emeli dem alyş geçirmeli. Kömek berýän adam näsagyň başujunda durýar. Ol bir elini boýnuň aşak tarapyna eltýär, beýlekisini süýem we başam barmaklary bilen onuň burnuny gysar ýaly we kelläni arkan gaýşardar ýaly maňlaýyna goýýar. Lukman uludan dem alyp, öz agzyny ejir çekeniň açyk agzyna goýýar we näsagyň döş kapasasynyň ýazylýandygyna güwä geçip, birden demini goýberýär (*11-nji a, b, ç suratlar*). Näsagyň demini goýbermegi öz-özünden amala aşýar we lukman bu halatda ýokarda ýazylan ýagdaýdaky ýaly näsagyň kellesini saklamagy dowam edýär.

Emeli dem almaklygy burnuň üstünden hem amala aşyrylyp bilner. Şonda näsagyň burnuny açyk goýup, agzyny berk ýapmaly. Arassaçylyk nukdaýnazaryndan näsagyň agzyny (burnuny) elýaglyk ýa-da hasa ýaglyjagy bilen ýapmaly. Emeli dem bermegi S-görnüşli turbajyk arkaly ýa-da emeli dem alyş enjamy bilen geçirmek has gowy.



*a)* *b)* *ç)*

*11-nji a, b, ç suratlar.* Emeli dem bermek:
*a* – «agyzdan-agza» usuly boýunça emeli dem bermek. Näsagyň kellesi arkan gaýşardylan, burny barmaklar bilen gysylan; *b* – «agyzdan-burna» usuly boýunça emeli dem bermek. Näsagyň kellesi arkan gaýşardylan, dodaklary berk ýapylan; *ç* – «S» – görnüşli howa geçiriji turbajyk arkaly emeli dem bermeklik. Näsagyň kellesi arkan gaýşardylan. Burny gysylan, dodaklary turbajygyň daşyny jebis gurşaýar

**Ýüregiň daşky owkalamasy.** Gan aýlanyşygyny emeli ýagdaýda saklamagyň ýokary netijeli usuly ýüregiň daşky ýa-da ýapyk owkalamasydyr. Döş bilen oňurganyň arasynda ýüregi basyp, ýüregiň boşluklaryndan, iri gan damarlaryna gan itekläp, gan aýlanyşygyny emeli usul bilen saklamak bolýar. Ýüregiň ýapyk owkalamasyny netijeli geçirmek üçin ejir çekeni gaty ýerde ýatyrmak gerek. Lukman näsagyň gapdalynda durup, aýasyny döş süňküniň aşaky üçden birine ýerleşdirýär (gylyç görnüşli ösüntgiden iki barmak ýokary, gapyrganyň döş süňküne birikýän ýerinde). Ikinji elini birinji eliniň üstünde göni burç bilen atanak edip goýýar (*12-nji surat*). Elleriň barmaklary döş kapasasyna degmeli däl. Döş süňküni oňurga tarap 3–5 *sm* süýşürmäge ýol berýän dogumly itergi bilen emeli «ýürek ýygrylmasyny» geçirýärler. Onuň netijeliligini uky ýa-da but arteriýalarynda anyklanylýan emeli damar urgy tolkuny boýunça kesgitläp bolar. Soňra näsagyň döşünden aýyrmazdan, lukman ellerini gowşadýar. Şu ýagdaýda ýüregiň boşluklary gandan dolýar. Ulularda emeli «ýürek ýygrylmalarynyň» sany bir minutda 60-dan az bolmaly däldir. Her 2–3 minutdan soňra özbaşdak gan aýlanyşygynyň alamatlaryny kesgitlemek üçin daşky owkalamany birnäçe sekuntlap bes edýärler.



*12-nji surat.* Ýüregiň daşky owkalamasy geçirilende elleriň ýerleşdirilişi

Uky arteriýasynda damar urgusynyň ýüze çykmagy ýüregiň işiniň dikelendigine şaýatlyk edýär. Ýüregiň owkalamasyny bes edýärler, emeli dem bermekligi bolsa özbaşdak dem alyş ýüze çykýança dowam edýärler. Ýüregiň daşky owkalamasy elmydama emeli dem bermek bilen utgaşdyrylýar. Eger kömegi bir adam berýän bolsa, onda her iki emeli dem bermeden soňra, ol aralary 1 *sek* bolan 15 emeli «ýürek ýygrylmasyny» geçirýärler. Iki adam bolanda olaryň biri emeli dem berýär, beýlekisi bolsa, ýüregiň owkalamasyny geçirýär. Şonda bir emeli dem bermeden soňra 5 emeli «ýürek ýygrylmasy» geçirilmelidir. Dem berilýän pursady ýüregiň owkalamasyny geçirmeli däl (*13-nji a,b suratlar*). Ýogsa ejir çekeniň öýkenine ýeterlik göwrümde howa barmaz. Emeli dem bermäniň netijesiz wagtynda 2–3 dem bermekligi döş süňküne itergileriň 15-i bilen gezekleşdirilip bilner. Eger 5–7 minutlap geçirilen ýüregiň işjeň ýapyk owkalamasyndan soňra ýürek ýygrylmalary ýok bolsa, onda defibrilýasiýa geçirmeklik görkezilen.



*a*) *b*)

*13-nji a, b suratlar.* Ýürek-öýken reanimasiýasynyň (janlandyrmasynyň) bir (*a*) we iki (*b*) adam tarapyndan geçirilmegi

Gyssagly ýagdaýlarda derman serişdeleri wena içre, arteriýa içre ýa-da ýüregiçre goýberilmelidir. Yzyna gaýtaryp bolýan ölümde, köp halatlarda adrenalin, kalsiniň hloridi, atropin we natriniň bikarbonaty goýberilýär. Derman serişdeleriniň goýberilmegini degerli emeli dem bermek we ýüregiň owkalamasy ýagdaýynda berjaý etmelidir. Adrenalini gowusy, bölekleýin, her 5 minutdan 0,5–1 *ml* wena içre goýbermeli. Eger-de wena içre goýbermek mümkin bolmasa, onda ýürek içre goýbermeli. Adrenalin ýürek muskulynyň ýygrylma ukybyny güýçlendirýär, onuň öz-özünden bolýan ýygrylmalaryna ýardam edýär. Ýürek owkalamasynyň netijeliligi has artýar. Adrenalin defibrilýasiýany ýeňilleşdirýän ýüregiň garynjyklarynyň ýygrylmalarynyň güýjüni ýokarlandyrýar. Ondan başga-da, ol damar çeýeligini we arterial basyşy ýokarlandyrýar, gan akyşyny güýçlendirýär. 4,2% ergin görnüşindäki natriniň bikarbonaty 1-2 *ml/kg* mukdarda derman bejergisiniň netijeliligini

gowulandyrýar. Şeýle hem ýürek muskulynyň ýygrylma ukybyny gowulandyrmak üçin kalsiniň hloridiniň 10%-li ergininiň 5-10 *ml*-ni wena içre goýberýärler. Atropiniň sulfady (0,1%-li ergininiň 1 *ml*) azaşan nerwiň işjeňligini peseldýär, alynky--ýürek garynjyk geçirijiligini gowulandyrýar.

Derman goýberilenden soňra, ýüregiň elektrik defibrilýasiýasyny geçirmek görkezilen. Ol impuls toguny zarýadsyzlandyrmagyň tapgyry bilen amala aşyrylýar. Defibrilýasiýany 3,5 *kV* güýçden başlaýarlar, her gezek güýjüni 0,5 *kV* ýokarlandyrýarlar we ony 6 *kV*-a çenli ýetirýärler. Eger zarýadsyzlandyrma tapgyry ýüregiň işiniň dikeldilmegine getirmese wena içre nowokainamidi (1–3 *mg/kg*), natriniň bikarbonadyny goýberýärler. Soňra ýüregiň işleýşi dikelýänçä ýa-da beýniniň ölüminiň alamatlaryna çenli täze zarýadsyzlandyrma tapgyryny geçirýärler.

Defibrilýasiýa usuly töwerekdäkileri tok urmaz ýaly seresaplylygy talap edýär. Elektrodyň birini näsagyň *sag* pilçesiniň aşagynda goýýarlar, beýlekisini bolsa ýüregiň ujunyň üstünden güýç bilen basýarlar. Öňünçä elektrodlara natriniň hloridiniň izotoniki erginde ezilen hasa ýaglyjaklaryny goýmaly. Elektrik zarýadsyzlandyrma geçirilende, hiç kim näsaga ýanaşmaly däl.

Görejiň daralmagy, göz we ýokarky dem alyş ýollarynyň gyjynma jogap duýujylygynyň dikelmegi, deri örtüginiň we nemli bardanyň ölüniň reňki ýaly reňkiniň aýrylmagy, gan aýlanyşygynyň, dem alşyň öz-özünden gaýtadan başlamagy, huşuna gelmegi janlandyrma çäreleriň netijeliliginiň alamatydyr.

Eger-de ýüregiň degerli owkalamasy we emeli dem bermeklik başlanandan 10-15 *minutdan* soňra (janlandyrmagyň ähli tapgyrlarynyň 3–5 gezek geçirilmegi), ýüregiň işi dikelmese, göreçler giňliginde galyp we ýagtyny duýmaýan bolsa, onda kelle beýniniň öýjüklerinde yzyna gaýtaryp bolmajak üýtgemeler döränligi sebäpli janlandyrma çärelerini bes etmek bolar.

## 4.2. ÝERLI AGYRYSYZLANDYRMA

Ýerli agyrysyzlandyrma amal ýeriniň dokumalaryny näsagyň aňyny basyp ýatyrman geçirilýän agyrysyzlandyrmany aňladýar, agyry gyjyndyrmany kabul etmegiň we geçirmegiň çet ýerlerine, ýagny nerw ulgamynyň çet ýer bölümlerine täsir edilende döreýär. Ýerli agyrysyzlandyrmanyň sanjym (siňdirme, sebitleýin) we sanjymsyz (himiki, fiziki, fiziko-himiki) usullary bolýar.

Sanjymsyz ýerli agyrysyzlandyrma arkaly dokumalaryň diňe ýüzleý agyrysyzlandyrmasyny geçirip bolýar. Onuň üçin derman serişdeleri (himiki ýa-da çalyp siňdirme usul) we sowatmak arkaly, lazer şöhleleri, elektromagnit tolkunlary bilen (fiziki usul) täsir etmegi, dokumalara agyrysyzlandyryjy ergini elektrik togunyň kömegi bilen siňdirmek (fiziko-himiki usul) ýaly görnüşleri bolýar.

Sanjym agyrysyzlandyrmasynda agyrysyzlandyryjy ergini dokumalara iňňe ýa-da ýokary basyş bilen ýörite sanawaç (iňňesiz usul) arkaly goýberýärler.

Agyrysyzlandyryjy ergininiň sanjymy arkaly siňdirme we sebitleýin agyrysyzlandyrma geçirýärler.

Sanjym siňdirme, çalyp siňdirme we sowatmak arkaly agyrysyzlandyrmada agyry gyjyndyrmalary kabul edýän çet ýer nerw uçlary basylyp ýatyrylýar. Sebitleýin agyrysyzlandyrmada amal geçirilýän ýerden agyryly duýgy täsirlerini geçirýän nerw sütüniniň (esasy ýa-da köplenç, çet ýer şahalarynyň) daşy agyrysyzlandyryjy ergin bilen baglanýar.

**Ýerli agyrysyzlandyrma geçirmeklige degişli bolan görkezmeler we garşy görkezmeler.**

Agyz boşlugyndaky we ýüzdäki agyrylar bilen geçýän islendik amal ýerli agyrysyzlandyrma görkezme bolup durýar. Bular äň-ýüz töwereginiň ýumşak dokumalaryndaky, äňlerdäki we dişlerdäki, agyz boşlugynyň synalaryndaky dürli amallardyr. Ýerli agyrysyzlandyrma ysgyndan gaçan näsaglarda, garrylarda, dem alyş we ýürek–damar ýetmezçilikli adamlarda, haçanda «gysga wagtlyk umumy agyrysyzlandyrma hem uly howp» bilen bagly bolanda görkezilen.

Ýerli agyrysyzlandyrma uzak we şikesli amallar ýerine ýetirilende, ýerli agyrysyzlandyryjy erginleri götermezlikde ýa-da olara ýokary duýgurlykda, näsagyň aňynyň bildirip duran durnuksyzlygynda ýa-da kemçiliginde garşy görkezilen. Käbir plastiki amallarda goýberilen agyrysyzlandyryjy ergin dokumalaryň göwrümini we gatnaşygyny düýpli üýtgedende ýerli agyrysyzlandyrmany ulanmak maksadalaýyk däldir.

### 4.2.1. Ýerli agyrysyzlandyrma üçin ulanylýan agyrysyzlandyryjylar

**Kokain** – häzirki zaman ýerli agyrysyzlandyrma eýýamyny açan agyrysyzlandyryjy. Ýöne ol zäherli we häzirki wagtda diş bejeriş amaly işinde ulanylmaýar.

**Dikain (tetrakain)** – suwda we spirtde oňat ereýän, ak duza meňzeş külke. Onuň erginlerini gaýnadyp zyýansyzlandyrýarlar. Dikain güýçli ýerli agyrysyzlandyryjy serişde, 0,25–2%-li ergin çalnyp, ýüzleý agyrysyzlandyrma üçin ulanylýar. Dikainiň ulular üçin bir wagtlaýyn iň ýokary mukdary 0,09 *g* (3%-li ergininiň 3 *ml*).

**Anestezin (benzokain)** – ýerli agyrysyzlandyryjy täsirli derman serişdedir. Suwda kynlyk bilen ereýär. Ýagdaky ýada suwdaky (0,5%-li nowokaindäki) 3–5%--li erginini stomatitleriň, glossitleriň, köpgörnüşli suwjarýan gyzarma keselinde nemli bardanyň çalyp çişdirme agyrysyzlandyrmasynda ulanylýar. Anesteziniň külkesi ýada melhemi (pastasy) dişleriň ýokary duýgurlylygynda olaryň gaty dokumalaryna sürtüp (çalyp) ulanylýar.

**Piromekain** – täsirliligi boýunça dikainden pes bolmadyk, ýüzleý agyrysyzlandyrma üçin ulanylýan agyrysyzlandyryjy. Derman 1–2%-li ergin, 5%-li piromekain melhemi, 5%-li metilurasilli piromekain melhemi we 3%-li metilurasilli hem kollagenli piromekain melhemi *(pirometkol)* görnüşinde bolup, ony dokumalaryň ýüzüne çalyp ulanýarlar. Birwagtlaýyn iň ýokary mukdary 1 *g*.

**Nowokain (prokain)** – suwda we spirtde gowy ereýän ak duza meňzeş külke. Onuň suwdaky erginini 30 *minutyň* dowamynda gaýnatmak bilen zyýansyzlandyrýarlar. Agyrysyzlandyryjynyň az zäherli, giň ulanyş täsiri bar. Ony siňdirme we sebitleýin agyrysyzlandyrma üçin ulanýarlar.

Nowokaini öýjükli ösüntginiň dokumalarynda 0,25-0,5%-li ergin görnüşinde siňdirme agyrysyzlandyrma, 1-2%-li ergin görnüşinde sebitleýin we siňdirme agyrysyzlandyrma geçirmek üçin ulanylýar. Ýumşak dokumalarda siňdirme agyrysyzlandyrma örän çalt döreýär. Muskula sanjylanda, birwagtlaýyn iň ýokary mukdary 0,1 *g* (5 *ml*). Siňdirme agyrysyzlandyrma üçin aşakdaky iň ýokary mukdary kesgitlenilen: nowokainiň 0,25%-li ergini ulanylanda, amalyň başynda 500 *ml* (1,25 *g*-a) çenli, soňra amalyň her sagadynda 1000 *ml* (2,5 *g*-a) çenli; 0,5%-li ergini ulanylanda ýokarky şerte laýyklykda 150 *ml* (0,75 *g*) we 400 *ml* (2,0 *g*).

Amaly işde sebitleýin agyrysyzlandyrma üçin 1%-li ergini 100 *ml*-den we 2%-li ergini 30 *ml*-den köp ulanylmaýar. Nowokainiň gana siňmegini haýallatmak (mümkin bolan zäherli täsiriniň öňüni almak üçin) we onuň täsirlilik wagtyny uzaltmak maksady bilen agyrysyzlandyryjynyň erginine adrenaliniň gidrohloridiniň 0,1%-li erginini garýarlar (adrenaliniň 1 *ml* nowokainiň 1000 *ml*-ine). Nowokain agyrysyzlandyrmasynyň täsiriniň uzaklygy 30 minutdan geçmeýär. Çişme ojagynda nowokainiň ulanylmagy oňat agyrysyzlandyryjy netije bermeýär.

Zäherlenme ýagdaýynda baş aýlanma, ysgynsyzlyk, ýürek bulanma, ýüz agarmasy, der basmagy, göçgünli ýagdaý, ýüregiň çalt urmagy, arterial gan basyşyň peselmegi, demiň togtamagyna çenli dem alşyň bozulmagy, damar çekme döräp biler. Şeýle hem beden tarapyndan ýokary duýgurlyk dörände deri örgünleri, deri çişme hadysasy, damar-nerw (Kwinke) ýellenmesi, dem gysma bolup biler.

**Trimekain (mezokain)** – suwda we spirtde oňat ereýän ak duza meňzeş külke. Erginleri 30 *minutyň* dowamynda 100°C-de gaýnatmak bilen zyýansyzlandyrýarlar. Trimekainiň çişme ojagynda, keloid bertikler bolan ýagdaýynda oňat agyrysyzlandyryjy täsiri bar. Agyrysyzlandyrmanyň döreýşiniň çaltlygy boýunça 2 esse, agyrysyzlandyryjy täsiri boýunça 2-2,5 esse, agyrysyzlandyrmanyň dowamlylygy boýunça 3 esse nowokainden güýçlüdir. Onuň zäherliligi sähelçe bolup, adrenalin bilen oňat utgaşýar. Beden tarapyndan ýokary duýgurlyk seýrek döreýär. Çalyp siňdirme agyrysyzlandyrma üçin az ýaramly. 0,25–2%-li erginleri siňdirme agyrysyzlandyrma üçin we 1–2%-li erginleri sebitleýin agyrysyzlandyrma üçin ulanylýar. 0,25%-li ergin ulananlarynda 800 *ml*-e çenli, 0,5%-li 400 *ml*-e çenli, 1%-li 100 *ml*-e çenli we 2%-li – 20 *ml*-e çenli trimekainiň erginini sanjyp goýberýärler.

**Lidokain (ksikain, ksilokain)** – suwda we spirtde ereýän ak duza meňzeş külke. Agyrysyzlandyrma üçin lidokainiň hlorwodorodly duzuny ulanýarlar. Nowokaine görä çuňňur we uzak dowamly agyrysyzlandyrma döredýär (3–5 *sag*-a çenli), agyrysyzlandyryjy täsiri boýunça ondan 2–3 esse güýçlüdir hem-de çişme hadysaly dokumalarda oňat agyrysyzlandyrmany üpjün edýär. Beden tarapyndan ýokary duýgurlyk örän seýrek

bolýar. Lidokainiň zäherliligi ergininiň möçberine bagly: onuň 0,5%-li ergini zäherlemegi boýunça nowokainden tapawutlanmaýar, 1-2%-li erginleri nowokainden 1,4-1,5 esse zäherli. Ýürek-damar ýetmezçiliginde, II–III derejeli alynky ýürek-garynjyk gabawynda, bagryň we böwrekleriň kesellerinde garşy görkezilen. Ýumşak dokumalaryň amallarynda siňdirme agyrysyzlandyrma üçin 0,25%-li we 0,5%-li erginleri, sebitleýin agyrysyzlandyrma üçin (öýjükli ösüntginiň, ýokarky we aşaky äňiň beýleki ýerleriniň amallarynda siňdirme agyrysyzlandyrmalarda hem) – 1-2%-li erginleri ulanylýar. Çalyp siňdirme agyrysyzlandyrma üçin lidokainiň 1-2%-li erginini ýa-da lidokainiň 5%-li melhemini, lidokainiň 10%-li sepme görnüşini ulanýarlar.

Agyrysyzlandyryjynyň aňrybaş mukdarlary 0,25%-li 1000 *ml*, 0,5%-li 500 *ml*, 1-2%-*li* 50 *ml*-den köp däl.

**Bupiwakain (markain, karbostezin)** agyrysyzlandyryjy täsiri boýunça nowokainden 6 esse güýçli, ýöne ondan 7 esse zäherlidir. Agyrysyzlandyrma 4-10 *min* geçenden soňra döreýär, 15-35 *minutdan* aňrybaş derejä ýetýär. Agyrysyzlandyrmanyň dowamlylygy 12-13 *sag*. Hirurgik işde 0,25%-li, 0,5%-li we 0,75%-li erginleri ulanylýar. Aňrybaş mukdary 175 *mg*.

**Artikain** (ultrakain D-S, ultrakain D-S forte) – amid toparyndan bolan ýerli agyrysyzlandyryjy bolup, 4%-li ergin görnüşinde 1,7 *ml* silindr şekilli iki tarapy dürli rezin dykyly polimer gapda-karpulada, 2,0 *ml* adaty petiklenen aýna gapda we 20 *ml* çüýşe gapda çykarylýar. Lidokaine görä az zäherli, nowokaine görä zäherliligi 1,5 esse köpdür. Emma artikainiň agyrysyzlandyryjy täsiri lidokaine görä 3 esse, nowokaine görä bolsa 5 esse ýokarydyr. Agyrysyzlandyryjynyň proteinler bilen has güýçli birleşmek ukyby we ýagda pes eremek ukyby bardyr. Şu sebäpli hem göwrelilikde ulanmak üçin saýlanyp alynýar (göwredäki çaga üçin örän pes zäherli). Ultrakain D-S düzüminde 1:200000, ultrakain D-S forte bolsa düzüminde 1:100 000 gatnaşykda adrenalin saklaýar. Ultrakain D-S düzüminde adrenaliniň pes mukdarynyň bolmagy bile geçýän ýürek-damar keseli bolan adamlarda, şeýle hem göwrelilerde onuň howpsuzlygyny kesgitleýär. Agyrysyzlandyrma ergin dokumalara goýberileninden 1-3 *minutdan* soňra döreýär. Täsiriniň dowamlylygy 45-75 *min*. Aňrybaş çalt ýürek urmasynda, göze gara suw inmeginde garşy görkezilen. Oňaýsyz täsiri örän seýrek ýüze çykýar.

### 4.2.2. Ýerli agyrysyzlandyryjylaryň täsirini uzaldyjy serişdeler

Damar daraldýan serişdeler ýerli agyrysyzlandyryjynyň sorulmagyny haýalladyp, onuň zäherli täsirini peseldýär. Ondan başga-da, agyrysyzlandyrmanyň täsirliligi uzalýar we dowamlylygy artýar, goýberilýän agyrysyzlandyryjynyň mukdary azaldylyp bilner.

**Adrenalin** – böwrek üsti mäziň beýni gatynyň gormony. Adrenaliniň gidrohloridiniň 0,1%-li ergini görnüşinde çykarylýar. Adrenalin $\alpha$ we $\beta$ – adrenoreseptorlara täsir edýär. Garyn boşlugynyň synalarynyň, deriniň we nemli bardalaryň damarlaryny daraldýar, arterial basyşy galdyrýar. Adrenaliniň ýüregiň işleýşine bolan täsiri çylşyrymlydyr: ýürek ýygrylmalaryny güýçlendirýär we çaltlandyrýar, ýöne arterial basyş galanlygy sebäpli azaşan nerw merkezini tebigy jogap görnüşinde gyjyndyryp ýüregiň işleýşini haýalladyp we ýüregiň işleýşiniň bozulmasynyň ýüze cykmagyna ýardam edip biler. Adrenalin bronhlary we ýüregiň täç damarlaryny giňeldýär. Şekeriň gandaky mukdaryny ýokarlandyrýar. Ýerli damar daraldyjy serişde hökmünde agyrysyzlandyryjylaryň täsirini uzaltmak we olaryň sorulmagyny azaltmak üçin ulanylýar. Adrenalini millilitrlerde möçberläp, agyrysyzlandyryjynyň erginine insulin sanjawaç bilen goşmaly. 1000 *ml* ergine 1 *ml* adrenalin goşmak bolýar.

**Mezaton** – (sinonimleri: *Phenylephini hydrochloridum, Neophyn, Sympatol* we ş.m.) adrenomimetiki serişdelere degişli bolup, esasan, $\lambda$ – adrenoreseptorlary gyjyndyrýar. Mezaton sanjym üçin 1 *ml* aýna gapda 1%-li ergin görnüşinde çykarylýar. Ýerli agyrysyzlandyrmany uzaltmak üçin ulanylýar, adrenaliniň deregine ýerli agyrysyzlandyryjy erginlere garýarlar (agyrysyzlandyryjynyň 10 *ml* erginine 0,3–0,5 *ml* 1%-li mezatonyň ergini).

Adrenalinden we mezatondan başga-da, ýerli agyrysyzlandyryjylaryň täsirlerini artdyrmak üçin noradrenalin, filipressin (gipofiziň yzky böleginiň gormonynyň emeli ýerini tutujy) ulanylyp bilner.

### 4.2.3. Agyrysyzlandyryjy erginleri saklamak

Nowokainiň erginini 3 günlük taýýarlamak rugsat berilýär. Eger-de ergin 3 günden köp saklanylsa, onda ony täzeden zyýansyzlandyrmaly. Agyrysyzlandyryjy ergin aýna gapdan alnyp ulanylanda, ony spirt bilen ykjam süpürip we zyýansyzlandyrylan hasa ýaglyjak bilen saklap açmaly. Nowokainiň 1%-li we 2%-li erginleriniň dermanhana üçin dermannama ýazgylaryny berýäris:

Rp: *Nowocaini* 1,5
*Sol. Natrii chloridi* 0,85% 150,0
*M. Sterilisetur!*
*D.S.*

Rp.: *Nowocaini* 2,0
*Sol. Natrii chloridi* 0,85% 100,0
*M. Sterilisetur!*
*D.S.*

Ýerli agyrysyzlandyryjylary beýleki derman serişdelerden aýratynlykda saklamak gerek. Bu düzgüni berjaý etmezlik agyr gaýrüzülmelere getirýän ýumşak dokumalara başga erginleri tötänleýin goýbermeklige getirip biler.

### 4.2.4. Nowokainiň reňkli barlagy

Nowokainiň ýerine başga suwuklyklary ýalňyşlyk bilen goýbermekligiň öňüni almak üçin 1940-njy ýylda I. G. Lukomskiý reňkli barlagy teklip edipdir. 2, 4 *ml* belligi bolan iki sany arassa aýna gaplara 2 *ml* açyk gülgüne reňkli kaliniň permanganatynyň erginini guýýarlar (1:10000). Soňra aýna gaplaryň birine çüýşeden ýa-da sanjawaçdan barlanylýan 2 *ml* ergini guýýarlar. 1-2 *minutdan* soňra, kaliniň permanganatynyň ergini nowokain sebäpli mämişi ýa-da sary reňk alýar. Eger-de ergini reňki üýtgemese, onda ol çüýşede ýa-da sanjawaçda nowokain däl-de, başga maddanyň bardygyny görkezýär.

### 4.2.5. Gurallar

Amaly işde ýerli agyrysyzlandyrma geçirmek üçin dürli gurluşy (aýnadan, plastmassadan, aýnadan hem metaldan) we göwrümi bolan sanjawaçlar ulanylýar (1, 2, 5, 10 we 20 *ml*). Işde 2 we 5 *ml* sanjawaç has amatlydyr. Siňdirme agyrysyzlandyrma üçin uzynlygy, takmynan, 3 *sm* we diametri 0,5-0,7 *mm* bolan, sebitleýin agyrysyzlandyrma üçin uzynlygy 4-8 *sm* we diametri 0,7-1 *mm* bolan iňňeler ulanylýar. Iňňeleriň 45° burç bilen gyýylyp ýiteldilen uçlary bolýar. Gyýylyp kesilen ýeriniň gapdalyndan seredeniňde güberçek ýa-da düz görnüşi bolýar. Iňňäniň geçirijiligini we onuň uç tarapynyň ýagdaýyny barlamak gerek.



*14-nji surat.* Karpula sanjawajy, onuň agyrysyzlandyryjylary hem-de iki taraply iňňeleri

Soňky ýyllarda, esasan, bir gezek ulanmaga niýetlenen sanjawaçlar we sanjym iňňeleri ulanylýar. Şeýle hem silindr şekilli iki tarapy dürli rezin dykyly polimer gapdaky-karpuladaky agyrysyzlandyryjy ergini (1,7–2,0 *ml*) gaplap sançmak üçin, ýörite demir sanjawaç-karpula sanjawajy we iki tarapy uçly, hyry bilen towlap berkidilýän bir gezek ulanylýan sanjym iňňeleri has oňaýlydyr (*14-nji surat*) we amatlydyr, ýagny az şikes ýetirýär, süňk bardasty we süňk içre sanjymlary amala aşyrmaga, agyrysyzlandyryjy erginli gaby we iňňäni tiz çalyşmaga ýol berýär, ergini dokumalardan yzyna gaýtmagyna ýol bermeýär.

**Gurallaryň zyýansyzlandyrylyşy.** Sanjawaçlar, iňňeler, agyrysyzlandyryjy erginler üçin gaplar zyýansyzlandyrylanda, olarda ganyň yzy galmaz ýaly ykjam ýuwmaly, soňra wodorodyň öte turşusynyň 3%-li ergini garylan ýuwujy serişdeleriň («Aýna», «Kristal» we ş.m.) 0,5%-li erginine ýatyrýarlar, täzeden suwda ýuwýarlar we duzsuz suwda 45 *minutyň* dowamynda gaýnadýarlar. Sanjawaçlary sowuk suwa

salyp, öňünçä aýna böleklerini hasa dolap, sökülen görnüşde gaýnadýarlar. Iňňeleri içine salnan inçejik simler bilen gaýnadýarlar. Iňňeleri we sanjawaçlary gurak gyzgynlyk pejinde hem zyýansyzlandyrmak mümkin.

## 4.3. SANJYMSYZ AGYRYSYZLANDYRMA

### 4.3.1. Sowatmak arkaly agyrysyzlandyrma

Dokumalar sowadylan mahalynda duýgur nerw uçlarynyň gyjyndyryjylygy peselýär, doňdurylanda bolsa, nerw duýgurlygyny geçirmek togtaýar. Sowatmak arkaly agyrysyzlandyrma üçin hloretil ulanylýar.

**Hloretil.** Ol rezin gapajyk bilen ýapylýan inçejik turbajygy bolan 30 *ml*-li aýna gapda çykarylýar. Hloretil bugaranynda temperatura -35°C-ä çenli peselýär. Bu 3 *minutdan* köp bolmadyk wagtda dokumalaryň agyry duýgularyny ýitirip, sähelçe çuňlukda sowamagyna getirýär (*15-nji surat*).



*15-nji surat.* Sanjymsyz agyrysyzlandyrmada ulanylýan serişdeler: sepmek üçin lidokainiň 10%-li ergini we hloretil

Agyrysyzlandyrma geçirilýärkä, suwuklyk bugaryp ýetişer ýaly aýna gaby amal ýerinden, takmynan, 30 *sm* aralykda saklamak gerek. Deride gyraw görnüşinde ak örtügiň döremegi ýeterlik derejede sowadylmagynyň alamatydyr. Uzak sowadylanda dokumalaryň çüýremegi mümkin. Hloretil güýçli narkotiki serişdedir, şonuň üçin hem hloretiliň buglaryndan dem almagyň öňüni almak gerekdir. Sowatmak arkaly agyrysyzlandyrma äňýany dokumalaryň ýüzleý ýerleşen iriňli ojaklary kesilip ýarylanda ulanylyp bilner.

### 4.3.2. Çalyp siňdirme arkaly agyrysyzlandyrma

Çalyp siňdirme usuly agyz boşlugynyň nemli bardasyny agyrysyzlandyrmak üçin ulanylyp bilner. Munuň üçin dikainiň 0,5–2%-li erginlerini ulanýarlar. Uly bolmadyk pamyk tokgajygyna agyrysyzlandyryjyny siňdirýärler we ony nemli barda çalýarlar ýa-da ony 3-5 *minutyň* dowamynda dokumalarda saklaýarlar. Dikainiň agyrysyzlandyryjy täsiri 1-3 *minutdan* soňra ýüze çykýar, onuň dowamlylygy 20--40 *min.*

Çalyp siňdirme arkaly agyrysyzlandyrmany anesteziniň 3-5%-li, piromekainiň 1-2%-li, lidokainiň 1-2%-li, seýrek halatda 5%-li ergini bilen, şeýle hem onuň 10%-li sepme görnüşi bilen geçirmek bolar (15-*nji surat*).

Çalyp siňdirme arkaly agyrysyzlandyrma nemli bardadaky amallarda, agyz boşlugynda sanjym agyrysyzlandyrma geçirilende, iňňe sanjyljak ýeri agyrysyzlandyrmak üçin, ýokarky äň boşlugynyň sanjymynda ýa-da ondaky amallarda ulanylýar.

## 4.4. DIŞLERIŇ WE ÄŇLERIŇ NERW ÜPJÜNÇILIGI

Agyz boşlugynyň synalary hereketlendiriji, duýgur, özbaşdak (simpatiki we parasimpatiki) nerwlerden üpjünçilik alýarlar. Ýüzüň derisini, agyz boşlugynyň ýumşak dokumalaryny we synalaryny, äňleri üpjün edýän nerwlere üç şahaly, dil-damak, azaşan we boýun çyrmaşygyndan gaýdýan şahalar (uly gulak we kiçi ýeňse) nerwleri degişlidir. Ýüzde üç şahaly nerwiniň şahalarynyň ugry boýunça 5 sany özbaşdak nerw düwünleri ýerleşen: 1) kirpik (*gangl. ciliare*); 2) ganat- kentlewük (*gangl. pterigopalatinum*); 3) gulak (*gangl. oticum*), 4) aşaky äňasty (*gangl. submandibulare*); 5) dilasty (*gangl. sublinguale*).

Üç şahaly nerwiniň birinji şahasy – kirpik düwni, ikinjisi, ganat-kentlewük, üçünjisi – gulak, aşaky äňasty we dilasty nerw düwünleri bilen bagly. Simpatiki nerwler ýüzüň dokumalaryna we synalaryna ýokarky boýun simpatiki düwnünden gaýdýar.



*16-njy surat.* Üç şahaly nerwiň gurluşy:
1 – üç şahaly nerwiň düwni; 2 – gözhana nerwi;
3 – ýokarky äň nerwi; 4 – aşaky äň nerwi;
5 – kelle beýniniň IV garynjygynyň düýbi;
6 – dil nerwi; 7 – çeýneýiş muskullara barýan nerwler

**Üç şahaly nerw *(n. trigeminus)*** düzümi boýunça garyşykdyr. Onda hereketlendiriji, duýgur we parasimpatiki mäz suwuklyk çykaryjy nerw süýümleri bolýar. Agyz boşlugynyň synalary duýgurlyk üpjünçiligini, esasan, üç şahaly nerwden alýarlar (*16-njy surat*). Üç şahaly nerwiň düwnünden üç sany şaha gaýdýar: 1) gözhana nerwi; 2) ýokarky äň nerwi; 3) aşaky äň nerwi.

***Gözhana nerwi (n.ophtalmicus)*** işjeňligi boýunça duýgur, äňleriň we agyz boşlugynyň dokumalarynyň üpjünçiligine gatnaşmaýar.

***Ýokarky äň nerwi (n. maxillaris)*** işjeňligi boýunça duýgur, kelle boşlugyndan tegelek deşigiň içi bilen *(foramen rotundum)* ganat kentlewük çukurjygyna (fossa pterigopalatina) çykýar, ol ýerde hem birnäçe şaha berýär.

*Gözhanasty nerwi (n.infraorbitalis)* ýokarky äň nerwiniň dowamy bolup, ondan duluk süňk we ganatkentlewük nerwleri aýrylandan soňra öz adyny alýar. Ganatkentlewük çukurjygyndan aşaky gözhana jaýrygy bilen gözhanasyna girýär we gözasty keşine ýerleşýär (*sulcus infraorbitalis*), gözasty akabasy (*canalis infraorbitalis*) boýunça geçýär we kiçi gaz aýajygyny (*pes anserinus minor*) emele getirýän ahyrky şahalara bölünip, gözasty deşigiň (*foraman infraorbitale*) içinden çykýar. Ahyrky şahalar ýokarky dodagyň, aşaky gabagyň, gözhanasty töwereginiň, burnuň

ganatynyň derisinde we nemli bardasynda, burnuň germewiniň deri böleginde şahajyklara bölünýär.

Ganatkentlewük çukurjygynda gözhanasty nerwiden 4-den 8-e çenli sanda *yzky ýokarky öýjük şahalary (rami alweolares superiores posteriores)* bölünýär. Olaryň az sanlysy süňküň içine girmeýär we ýokarky äň güberçeginiň daş tarapy boýunça aşaklygyna öýjükli ösüntgä tarap ýaýraýar. Olar ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň süňk gabygynda, ýaňagyň, uly we kiçi azy dişleriň deňiniň diş etiniň bosaga tarap nemli bardasynda gutarýarlar. Yzky ýokarky öýjükli ösüntgi şahalaryň köp bölegi yzky öýjükli ösüntgi dessejikler arkaly öýjükli ösüntginiň süňk akabalaryna girýär, ondan ýokarky äňiň daş tarapyna çykýar we ýene-de onuň süňkdäki akabalaryna girýär. Bu nerwler ýokarky äňiň güberçeginiň, ýokarky äňiň boşlugynyň nemli bardasynyň, ýokarky uly azy dişleriň we olaryň deňiniň agyz bosagasyna tarap öýjükli ösüntgisiniň nemli bardasynyň we süňk gabygynyň duýgurlygyny üpjün edýär. Yzky ýokarky öýjükli ösüntgi şahalar ýokarky diş çyrmaşygynyň yzky böleginiň emele gelmegine gatnaşýarlar.

Ganatkentlewük çukurjygynda, seýrek halatlarda gözasty keşiniň yzky böleginde gözasty nerwden *orta ýokarky öýjükli ösüntgi şaha (ramus alveolaris superior medius)* bölünýär. Käwagt ol iki sany sütünjik görnüşinde bolýar. Ýokarky diş çyrmaşygynyň orta böleginiň emele gelmegine gatnaşýar. Onuň öň tarap we yzky ýokarky öýjük şahalary bilen birleşmesi bar. Ýokarky kiçi azy dişleri, bu dişleriň deňinde öýjükli ösüntginiň we diş etiniň agyz bosagasyna tarap nemli bardasyny duýgurlyk bilen üpjün edýär.

Gözasty nerwiden gözasty akabanyň *öň tarap böleginde öň tarap öýjükli ösüntgi şahalar (rami alweolares superiores anteriores)* – 1-3 sany sütünjiklere bölünýärler. Ýöne, bu şahalar gözasty akabanyň ýa-da keşiň ähli uzynlygynda, gözasty deşigiň deňinde we hatda esasy sütüniň ondan çykanyndan soň hem aýrylyp bilerler. Öň tarap öýjükli ösüntgi nerwiniň sütünjikleri gözasty nerwi bilen bir akabadan (gözasty) çykyp bilerler ýa-da aýratyn süňk akabasynda ýerleşip bilerler. Öň tarap ýokarky öýjükli ösüntgi şahalar ýokarky äňiň öň tarap diwarynyň içi bilen geçip, orta ýokarky öýjükli ösüntgi şahalaryň içgin tarapyndan çykyp, ýokarky diş çyrmaşygynyň öň tarap bölegini emele getirmäge gatnaşýarlar. Olar alynky we gyýak dişleri, öýjükli ösüntginiň nemli bardasyny we süňk bardasyny, şeýle hem sanalan dişleriň deňinde diş etiniň agyz bosagasy tarapynyň nemli bardasyny duýgurlyk bilen üpjün edýärler. Öň tarap ýokarky öýjük ösüntgi nerw şahalaryndan burnuň düýbüniň öň tarap böleginiň nemli bardasyna burun şahasy bölünýär we soňra ol burunkentlewük nerw bilen birleşýär.

Ýokarky äňiň bedeniniň diwarynyň içinden geçýän yzky, orta we öň tarap ýokarky öýjükli ösüntgi şahalar biri-biri bilen birleşip, ýokarky nerw diş çyrmaşygyny emele getirýärler – *plexus dentalis superior*. Ol beýleki tarapyň şonuň ýaly nerw diş çyrmaşygy bilen birleşýär. Çyrmaşyk ýokarky äňiň öýjükli ösüntginiň

içinde dişleriň kökleriniň uçlarynyň tutuş ýokarlarynda ýerleşendir, şeýle hem onuň ýokarky böleklerinde – ýokarky äň boşlugynyň nemli bardasynyň gös-göni golaýynda ýerleşen.

Ýokarky diş çyrmaşygyndan birnäçe şahalar bölünýär:

a) dişleriň mylkygyna barýan diş şahajyklary (*rami dentales*);

b) dişleriň kök daşynyň bagjyklaryna we diş etiniň dokumalaryny duýgurlyk bilen üpjün edýän kökdaşy we diş et şahajyklary (*rami periodontales et rami gingivales*);

ç) diş öýjükleriniň aralygyndaky süňk perdelerine gaýdýan öýjügara şahajyklary, olar bolsa öz gezeginde dişleriň kök daşynyň bagjyklaryna we äňleriň süňk bardalaryna barýan şahajyklara bölünýärler;

d) ýokarky äň boşlugynyň süňk diwarlaryna we nemli bardasyna barýan şahajyklar.

Diş çyrmaşygynýň yzky böleginiň şahajyklary uly azy dişleriň ýanynda, orta böleginiň şahajyklary – kiçi azy dişleriň ýanynda, öň tarap böleginiň şahajyklary – alyn we gyýak dişleriň ýanynda bölünýärler.

Gözasty deşikden çykanda gözasty nerwden aşakdaky şahalar bölünýärler:

- aşaky gabagyň derisini duýgurlyk bilen üpjün edýän aşaky gabak şahalary (*rami palpebrales inforiores*);
- daşky burun şahalary (rami nasales externi);
- burnuň girelgesiniň nemli bardasyny duýgurlyk bilen üpjün edýän içki burun şahalary (*rami nasales interni*);
- agzyň burçuna çenli ýokarky dodagyň derisini we nemli bardasyny duýgurlyk bilen üpjün edýän ýokarky dodak şahalary (*rami labilaes superiores*). Bu soňky 4 topar şahalaryň ýüz nerwiniň şahalary bilen baglanyşykly bolýar.

Ganatkentlewük çukurjygynda ýokarky äň nerwiden duluk süňk nerwi aýrylýar (*n. zygomaticus*), ol hem gözhanasyna aşaky gözhana yşyndan girip, ikä: duluk süňk-ýüz (*ramus zygomaticofacialis*) we duluk süňk-çekge (*ramus zygomatico-temporalis*) şahalaryna bölünýär. Bu şahalar duluk süňküniň içine duluk süňk-gözhana (*foramen zigomatikoorbitale*) boýunça girýärler we soňra adybir deşiklerden çykýarlar hem-de duluk süňküniň töwereginiň, ýaňagyň ýokarky bölegine we göz yşynyň daşky burçunyň, çekge töwereginiň öň böleginiň we maňlaý töwereginiň yzky böleginiň derisine ýaýraýar. Duluk nerwiniň ýüz we gözýaş nerwleri bilen baglanyşygy bolýar.

Ganatkentlewük çukurjygynda ýokarky äň nerwiň aşak tarapyndan *ganatkentlewük nerwleri* bölünip gaýdýarlar (*nn. pterigopalatini*). Olar ganatkentlewük düwnüne tarap gidýärler we ondan başlaýan nerwlere duýgurlyk süýümlerini berýärler. Süýümleriň köp bölegi düwünde tamamlanman, onuň daş gyrasy boýunça geçýär. Ganatkentlewük düwni (*gangl. pterigopalatinum*) parasimpatik nerw ulgamynyň bölegi bolup durýar. Ol parasimpatik süýümleri uly daş şekilli nerw

(*n. petrosus major*) görnüşinde ýüz nerwiniň tirsek düwnünden (*gangl. geniculi*) alýar. Bu düwün simpatiki süýümleri çuňňur daş şekilli nerw (*n. petrosus profundus*) görnüşinde içki uky arteriýanyň simpatiki çyrmaşygyndan alýar. Uly we çuňňur daş şekilli nerwler ganat şekilli akaba boýunça geçip birleşýärler we ganat şekilli akaba nerwisini emele getirýärler. Düwünden suwuklyk çykaryjy mäz (*parasimpatiki we simpatiki*) we duýgurlyk süýümleri bolan şahalar bölünip aýrylýarlar: gözasty (*rami orbitales*), yzky ýokarky we aşaky burun şahalary (*rami nasales posteriores superiores, rami nasales posteriores inferiores*), kentlewük nerwleri (*nn. palatini*).

Gözhana şahalar gözenek şekilli süňküň yzky öýjükleriniň we pahna (şina) şekilli boşlugyň nemli bardasyna bölünip ýaýraýarlar.

*Yzky ýokarky burun şahalary (rami nasales posteriores superiores)* ganat kentlewük çukurjygyndan pahnakentlewük deşigi (*foramen sphenopalatinum*) boýunça burun boşlugyna girýärler we 2 topara bölünýärler: gapdal we içki. Gapdal şahalar (*rami lateralis*) ýokarky we orta burun nowajyklarynyň we burun geçelgeleriniň yzky bölekleriniň, gözenek şekilli süňküň yzky öýjükleriniň, yzky burun girelgeleriniň we eşidiş lüläniň damak deşiginiň nemli bardasynda bölünýärler. Içki şahalar (*rami mediales*) burun orta germewiniň ýokarky bölegininiň nemli bardasynda bölünýärler. Olardan iň irisi – *burun-kentlewük nerwi* (*n. nasopalatinus*) burnuň orta germewiniň süňk bardasy we nemli bardasy aralyk boýunça alynky akaba tarap aşak we öňe gidýärler hem-de akabanyň içinde beýleki tarapyň adybir nerwi bilen birleşýär, soňra bolsa alynky deşikden gaty kentlewüge çykýar. Alynky akabanyň içinde, käwagt bolsa oňa girmezinden öňünçä bu nerw ýokarky diş çyrmaşygynyň öň tarap bölegine birnäçe birleşmeler berýär. Burunkentlewük nerwi gaty kentlewügiň öň tarap böleginde, gyýak dişleriň arasynda üçburç ýeriň nerw üpjünçiligini amala aşyrýar.

*Kentlewük nerwleri* (*nn. palatini*) ganatkentlewük düwnünden başlap, uly kentlewük akabasy (*canalis palatinus major*) boýunça gelýärler. Nerwleriň üç toparyny emele getirýärler.

Uly kentlewük nerwi (*n. palatinus major*) – iň uly şaha bolup, gaty kentlewüge uly kentlewük deşigi arkaly çykyp, gaty kentlewügiň yzky we orta bölekleriniň (gyýak dişe çenli) nemli bardasynyň we kiçi tüýkülik mäzleriň, kentlewük tarapdan diş etiniň, ýumşak kentlewügiň nemli bardasynyň bir bölegininiň nerw üpjünçiligini amala aşyrýar.

Kiçi kentlewük nerwleri (*nn. palatini minores*) kiçi kentlewük deşikleri arkaly çykýarlar.Ýumşak kentlewügiň, kentlewük badamjyklarynyň nemli bardasynda şahalanýar. Mundan başga-da, olar ýumşak kentlewügi galdyrýan muskuly, diljagazyň muskulynyň (*m. levator veli palatini, m. uvulae*) nerw üpjünçiligini amala aşyrýar. Hereketlendiriji süýümler ýüz nerwiden uly daş şekilli nerw arkaly gaýdýarlar.

Aşaky yzky gapdal burun şahalary (*rami nasales posteriores inferiores laterales*) uly kentlewük deşigine girýärler we kiçi deşikler arkaly çykýarlar. Olar burun

boşlugyna girýärler hem-de aşaky burun nowajygynyň nemli bardasynyň, aşaky we orta burun geçelgeleriniň we ýokarky äň boşlugynyň nemli bardasynyň nerw üpjünçiligini amala aşyrýar.

***Üç şahaly nerwiniň üçünji şahasy – aşaky äň nerwi (n. mandibularis)*** işjeňligi boýunça garyşyk düzümli. Özünde duýgurlyk we hereketlendiriş süýümleri bar. Kelleçanakdan süýri deşik arkaly çykýar we çekgasty çukurjykda birnäçe şaha bölünýär. Olaryň käbirleri bilen özbaşdak nerw ulgamynyň düwünleri birleşýärler: içki ganat şekilli we gulak-çekge nerwleri bilen gulak düwni (*gang. oticum*), dil nerwi bilen äňasty düwni (*gang. submandibulare*). Dil nerwiniň şahasy dilasty nerw (*n. sublingualis*) bilen dilasty düwni (*gangl. sublingiale*) bilen birleşýär. Bu düwünlerden tüýkülik mäzlere bölüp çykaryjy we diliň tagam emzijeklerine – tagam alyş düwünden soňraky parasimpatiki süýümler gaýdýarlar. Duýgurlyk süýümleri aşaky äň nerwiniň aglaba bölegini tutýarlar. Üç şahaly nerwiň üçünji şahasynyň hereketlendiriş süýümleri aşaky äňi galdyrýan muskullara (*çeýneýiş muskullara*) barýarlar.

*Çeýneýiş nerwi* (*n. massetericus*), esasan, işjeňligi boýunça hereketlendiriş süýümli. Seýrek bolmadyk halatlarda ol çeýneýiş muskullaryň beýleki nerwleri bilen bir umumy başlangyçly bolýar. Çeýneýiş nerwi esasy sütünden bölünip, gapdal ganat şekilli muskulyň ýokarky birleşmesinden daşgynrak, soňra bolsa onuň daş ýüzi boýunça geçýär. Aşaky äňiň şahasynyň ösüntgileriniň arasyndaky aýlawdan esasy çeýneýiş muskulyň içine girýär we onuň öň tarap burçuna ugrugýar. Esasy sütünden muskul dessejiklerine şahajyklar gaýdýar. Muskula girmezinden öňünçä çeýneýji nerw çekge-aşaky äň bogna inçejik duýgurlyk şahasyny berýär.

*Öň tarap çuňňur çekge nerwi* (*n. temporalis profundus anterior*), ýaňak nerwi bilen bilelikde bölünip, gapdal ganat şekilli muskulyň ýokarky gyrasynyň daşyndan geçýär. Çekgasty gerişden aýlanyp geçip, ol çekge süňküniň teňňe böleginiň daş ýüzi boýunça ýatýar. Çekge muskulynyň iç ýüzünden onuň öň tarap böleginde içine girip şahalanýar.

*Orta çuňňur çekge nerwi (n. temporalis profundus medius)* hemişe ýüze çykarylýan däldir. Öň tarap çuňňur çekge nerwiniň yzyndan bölünip, çekgasty gerşiň aşagy boýunça çekge muskulynyň iç ýüzüne geçýär we onuň orta böleginde şahalanýar.

*Yzky çuňňur çekge nerwi* (*n. temporalis profundus posterior*), orta ýa-da öň tarap çuňňur çekge nerwiň yzyndan başlanýar. Çekgasty gerişden aýlanyp geçip, gapdal ganat şekilli muskulyň aşagy boýunça çekge muskulynyň yz böleginiň iç ýüzüne girýär we onuň nerw üpjünçiligini amala aşyrýar.

Hemme çuňňur çekge nerwleri aşaky äň nerwiniň daş ýüzünden bölünýärler (aýrylýarlar).

*Gapdal ganat şekilli nerw (n. pterygoideus lateralis)*, adatça, ýaňak nerwi bilen bilelikde bir sütün bolup bölünýär. Kähalatlarda ol aşaky äň nerwiniň daş ýüzünden özbaşdak başlanýar we gapdal ganat şekilli muskulyň ýokarsyndan we onuň iç ýüzünden girýär.

*Içki ganat şekilli nerw (n. pterygoideus medialis)*, esasan, hereketlendiriji häsiýetli. Aşaky äň nerwiniň iç ýüzünden başlap, içki ganat şekilli muskulyň iç ýüzüne tarap öňe we aşak gönügip, onuň ýokarky gyrasyna ýakyn ýerde içine girýär. Içki ganat şekilli nerw ýumşak kentlewügi dartýan muskula (*n. tensoris veli palatini*) we deprek perdesini dartýan muskula (*n.tensoris tympani*) nerw şahajyklaryny berýär.

*Äň-dilasty nerw (n. mylochyoideus)* aşaky äň deşigine girmeziniň öň ýanynda aşaky öýjük nerwiden aýrylýar. Äň-dilasty we iki garynjykly muskula (ön tarap garynjygyna) gidýär.

Aşaky äň nerwden aşakdaky duýujy nerwlere bölünýärler.

1. *Ýaňak nerwi (n. buccalis)* aşak, öňe we daşgyn gönügýär. Esasy sütünden süýri deşigiň aşak ýanynda bölünip, gapdal ganat şekilli muskulyň iki sany «kellejikleriniň» arasy boýunça çekge muskulyň iç ýüzüne geçýär. Soňra täç ösüntginiň öň gyrasyndan geçip, onuň düýbünden ýaňak muskulynyň öň ýüzi boýunça agzyň burçuna çenli ýaýrap gidýär. Ýaňagyň derisinde we nemli bardasynda, agzyň burçunyň derisinde şahalanyp bölünýär. Aşaky äňiň diş etiniň nemli bardasynyň bir bölegine (*ikinji kiçi we ikinji uly azy dişleriň arasy*) şaha berýär. Ýüz nerwi we gulak düwni bilen birleşmesi bar. Ýaňak nerwiniň şahalanmagynyň iki sany: ýaýraň we sütünleýin şahalanmasynyň duş gelýändigini ýatda saklamak gerek. Birinji görnüşde nerw üpjünçilik ýeri burnuň ganatyndan aşaky dodagyň ortasyna çenli, ýagny ýaňak nerwi ýeňse we gözasty nerwleriniň üpjünçilik ýerlerine ýaýraýar. Bu nerw öýjükli ösüntginiň agyz bosagasy tarapynyň nemli bardasynyň nerw üpjünçiligini hemişe amala aşyrmaýar. Ýaňak nerwi dil we aşaky öýjük nerwleri bilen aşaky äň çykyndysynyň (*torus mandibularis*) ýanynda bile ýerleşmeýär we çekge muskulynyň öňünde ýaňagyň özen dokumasynda dil nerwiniň 22 *mm* öňünden we aşaky öýjük nerwiň 27 *mm* öňünden geçýär. Aşaky äň zolak beýikliginiň ýanynda agyrysyzlandyrma (torusal agyrysyzlandyrma) geçirilende we ýeterlik mukdarda agyrysyzlandyryjy ergin (2-3 *ml*) goýberilende, ýaňak nerwiniň käwagt baglanylmaýanlygyny bu ýagdaý bilen düşündirmek bolar.

2. *Gulak-çekge nerwi (n. auriculotemporalis)* özünde duýujy we parasimpatik mäz suwuklyk çykaryjy süýümleri saklaýar. Süýri deşigiň aşagynda bölünip aýrylyp, gapdal ganat şekilli muskulyň iç ýüzi boýunça yza gidýär, soňra aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň boýunjygynyň yz tarapy boýunça aýlanyp geçip, daş tarapa ugrugýar. Ondan soňra ol gulakýany tüýkülik mäziň içine girip ýokaryk gidýär, iň soňraky şahajyklara bölünip, çekge töwereginiň derisine barýar.

3. *Dil nerwi (n. lingualis)* süýri deşige golaý, aşaky öýjük nerwi bilen bir derejede başlanýar. Ganat şekilli muskullaryň öňünde we olaryň arasynda ýerleşýär. Içki ganat şekilli muskulyň ýokarky gyrasynyň deňinde dil nerwisine deprek tary (*chorda tympani*) birleşýär, onuň düzüminde bolsa dilasty we äňasty düwünlere barýan mäz suwuklyk çykaryjy süýümler we diliň emzijeklerine barýan tagam

süýümleri bolýar. Soňra dil nerwi aşaky äňiň şahasynyň iç ýüzi bilen içki ganat şekilli muskulyň arasynda ýerleşýär. Dil nerwi bu muskulyň öň gyrasyndan geçip äňasty tüýkülik mäziň üsti bilen dilasty-dil muskulynyň daş ýüzi boýunça gidip, äňasty tüýkülik mäziniň akabasynyň daş tarapyndan we aşagyndan aýlanyp, diliň gapdal ýüzüne girip gidýär. Agyz boşlugynda dil nerwi damagyň, dilasty töweregiň nemli bardasynyň, aşaky äňiň diş etiniň dil tarap nemli bardasynyň, diliň öň tarap üçden iki bölegininiň nemli bardasynyň, dilasty tüýkülik mäziniň, diliň emzijekleriniň nerw üpjünçiligini amala aşyrýan (damak birleşmesiniň şahalary, dilasty nerw, dil şahalary) birnäçe şahalary berýär.

4. *Aşaky öýjük nerwi (n. alveolaris inferior)* garyşyk düzümli. Bu aşaky äň nerwiniň iň uly şahasy. Onuň sütüni gapdal ganat şekilli muskulyň iç ýüzünde, dil nerwiden yzda we daşgyn ýerleşýär. Daş tarapdan gapdal ganat şekilli muskul we içki ganat şekilli muskul bilen emele gelen ganat şekilli muskullar arasy öýjükli dokuma boýunça ýa-da başgaça ganat şekilli-äň öýjükli dokuma boşlugyndan geçýär. Aşaky äň deşigi (*foramen mandibulae*) boýunça aşaky äň akabasyna (*canalis mandibularis*) girýär. Onuň içinde aşaky öýjük nerwi şahalar berýär we olar özara birleşip, aşaky diş çyrmaşygyny (*plexus dentalis inferior*) ýa-da gutarnykly aşaky diş we diş eti şahalaryny emele getirýärler. Aşaky diş çyrmaşygy esasy sütünden birneme ýokarrakda ýerleşýär. Ondan dişlere, öýjükli ösüntginiň nemli bardasyna we aşaky äňiň diş etiniň agyz bosagasyna tarap nemli bardasyna şahajyklar gaýdýar. Kiçi azy dişleriň deňesinde aşaky öýjük nerwiden uly şaha – eňek nerwi (*n. mentalis*) bölünýär we ol eňek deşiginden çykyp, aşaky dodagyň derisiniň we nemli bardasynyň, eňegiň derisiniň nerw üpjünçiligini amala aşyrýar. Eňek nerwi bölünip aýrylandan soňra, aşaky öýjük nerwiň süňküň içindäki gyýak we alyn dişleriň deňesindäki bölegi aşaky öýjük nerwiniň alynky şahasy (*ramus incisivus nervi alveolaris inferioris*) diýlip atlandyrylýar. Gyýak we alyn dişleriň, bu dişleriň deňesinde öýjükli ösüntginiň we diş etiniň agyz bosagasy tarapdan nemli bardasynyň nerw üpjünçiligini amala aşyrýar. Orta çyzyga ýeteninde beýleki tarapyň adybir şahasy bilen birleşýär. Aşaky öýjük nerwiden, ol aşaky äň akabasyna girmezinden öňünçä hereketlendiriji şaha – äň-dilasty nerwä (*n. mylochyoideus*) bölünip aýrylýar.

## 4.5. SANJYM ARKALY AGYRYSYZLANDYRMANYŇ GÖRNÜŞLERI

### 4.5.1. Sanjym arkaly siňdirme agyrysyzlandyrmasy

Sanjym arkaly siňdirme agyrysyzlandyrmada ýüzüň ýumşak dokumalarynda, süňk bardasynda, süňk bardasynyň astynda we bulardan başga-da, äňleriň öýjükli gatlagynda agyrysyzlandyryjy ergin toplumyny döredýärler.

### 4.5.1.1 Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň siňdirme agyrysyzlandyrmasy

Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň siňdirme agyrysyzlandyrmasynda amal meýdanynyň zyýansyzlandyryş arassaçylygyny geçirýärler, näsagyň ýüzüni arassalanan we zyýansyzlandyrylan mata bilen ýapýarlar. Göwrümi 2 *ml* bolan inçejik iňňeli sanjawajy ulanýarlar. Indiki geçiriljek kesimiň çyzygynyň ugry boýunça deriniň içine 1%-li agyrysyzlandyryjy ergininiň 0,25-0,5 *ml*-ni goýberýärler we onuň bilen «limon gabygyny» döredýärler. Soňraky iňňe sanjylmalaryny we agyrysyzlandyryjy ergini goýbermegi agyrysyzlandyrma dörän ýerden amala aşyrýarlar. Soňra göwrümi 5 ýa-da 10 *ml* bolan uzyn iňňeli (4-6 *sm)* sanjawajyň kömegi bilen agyrysyzlandyryjy ergininiň amal meýdanynyň çäklerinden çykmagy bilen derasty gatlaga goýberýärler (*17-nji a, b, ç suratlar*).



*a*) *b*) *ç*)

*17-nji a, b, ç suratlar.* Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň siňdirme agyrysyzlandyrmasy: *a* – ergini deri içre goýbermek; *b* – derä ergin siňdirmek («limon gabygyny» döretmek); *ç* – derasty ýag gatlaga ergin siňdirmek

Dokumalaryň soňraky gatma-gat siňdirmesini A.W. Wişnewskiniň sanjym siňdirme gataňsylyk döretmek usulyny ulanyp, adaty süýşýän dokuma gatlaklary boýunça berjaý edýärler.

### 4.5.1.2. Öýjükli ösüntginiň nemli bardasty siňdirme agyrysyzlandyrmasy

Öýjükli ösüntginiň nemli bardasty siňdirme agyrysyzlandyrmasy geçirilýän wagty lukman näsagyň ***sag*** tarapynda durýar. Aýna ýa-da mala şekilli ýasyja gural bilen ýokarky (ýa-da aşaky) dodagy galdyrýarlar. Iňňäni geçiş ýygyrdynyň dokumalary boýunça öýjükli ösüntginiň ýüzi boýunça 40-45° burç bilen süňk bardasyna çenli sançýarlar. Iňňäniň kesilen tarapy süňke bakyp durmaly. Agyrysyzlandyrylmaly dişleriň kökleriniň uçlarynyň üstünden 1-2%-li agyrysyzlandyryjy ergininiň 1,0-1,5 *ml*-ni goýberýärler. Ýokarky birinji uly azynyň öň tarap ýaňak köki kadadan çykma bolup durýar. Ol duluk-öýjükli ösüntgi gerşini emele getirýän gabyk süňküň dykyz gatlagy bilen gurşalandygy sebäpli diş nerwisine agyrysyzlandyryjy ergininiň siňmekligine päsgelçilik döredýär. Şol sebäpli hem ýokarda görkezilen köki agyrysyzlandyrmak üçin agyrysyzlandyryjy ergini ikinji



*18-nji surat.* Öýjükli ösüntginiň nemli bardasty siňdirme agyrysyzlandyrmasy

kiçi azynyň köküniň ujunyň deňesinde goýbermek gerek. Bu ýerden ol dykyz süňk bölegine heniz nerwler girip ýetişmänkäler baryp ýetýär. Bu dişiň (ýokarky birinji uly azy) yzky ýaňak köküni agyrysyzlandyrmak üçin agyrysyzlandyryjynyň erginini onuň ujunyň üstünden goýberýärler. Soňra kentlewük tarapdan ýokarky äňiň kentlewük we öýjükli ösüntgileri bilen emele gelen burç boýunça dişiň deňesinden ýa-da biraz ondan yzrakdan 0,5 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler (*18-nji surat*).

Dişleriň we öýjükli ösüntginiň ýeterlik bolmadyk agyrysyzlandyrmasy, adatça, agyrysyzlandyrmaklyga degişli bolmadyk dişiň köküniň ujundan has daşgyn ýerleşen öýjük-öýjük birleşdiriji dokuma goýberilende ýüze çykýar.

Eger-de agyrysyzlandyryjy ergin goýberiljek ýerde çişme hadysasy bar bolsa, onda siňdirme agyrysyzlandyrmasy görkezilen däldir.

### 4.5.1.3. Süňk bardasty agyrysyzlandyrma

Süňk bardasty agyrysyzlandyrma netijeli usul hasaplanylýar, aýratyn hem, dişiň pulpasynda geçirilýän agyryly amallarda netije bermedik adaty siňdirme agyrysyzlandyrma amala aşyrylandan soňra ulanylýar. Süňk bardasty agyrysyzlandyrma geçirmek üçin ýiti uçly gysga (30 *mm-e* çenli) hem-de inçe iňňesi bolan 2,0 *ml* göwrümli sanjawajy ulanýarlar. Iňňäni diş etiniň gyrasy bilen köküň ujunyň arasyndan geçiş ýygyrdynyň nemli bardasyna sançýarlar. Iňňäniň kesilen tarapy süňke bakyp durmaly. Nemli barda çümdürýärler we agyrysyzlandyryjy 0,5 *ml* ergini, goýberýärler. 20-30 *sekuntdan* soňra süňk bardasyna çümdürýärler, iňňäni diş okuna 45° burç bilen ýerleşdirýärler we süňk bardasynyň aşagy bilen dişiň köküniň ujuna tarap süýşürýärler (*19-njy surat*). Agyrysyzlandyryjy ergini süňk bardasynyň aşagyna goýbermek üçin agyrysyzlandyryjy ergini süňk bardasynyň üstünde ýerleşen öýjükli dokuma goýberilendäkiden sanjawaç basylanda has köp güýç sarp etmeli.



*19-njy surat.* Süňk bardasty siňdirme agyrysyzlandyrmada iňňäniň ýagdaýy

Süňk bardasty agyrysyzlandyrma kentlewük tarapdan hem agyz bosagasy tarapdan geçirilişi ýalydyr.

### 4.5.1.4. Süňk içre agyrysyzlandyrma

Süňk içre agyrysyzlandyrma dişler bejerilende, sogrulanda ýa-da öýjükli ösüntgidäki beýleki amallarda adaty siňdirme ýa-da sebitleýin agyrysyzlandyrma bilen ýeterlik agyrysyzlandyrma döredip bolmadyk ýagdaýynda görkezilen. Munda 1-2%-li agyrysyzlandyryjy ergini gönüden-göni dişiň kökleriniň arasynyň öýjükli süňküne goýbermek bolar. Munuň üçin iňňe sanjyljak ýerde nemli bardany agyrysyzlandyrýarlar we ony kesýärler, ondan soňra bolsa togalak ýa-da süýri päýnek burawly, pes aýlawly gyryjy enjam bilen dişara emzijegiň ýokary ýanyndan (ýokarky äňde) ýa-da aşak ýanyndan (aşaky äňde) süňküň gabyk gatyny deşýärler. Burawy diş okuna 45° burç bilen kökara perdäniň öýjükli süňküniň içine tarap girizýärler.

Emele getirilen deşigiň içi bilen iňňäni dişara perdäniň öýjükli süňküne girizýärler we haýallyk bilen 1,5 *ml*-e çenli agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler (*20-nji surat*). Şol wagt hem gapdaldaky dişleriň çuňňur agyrysyzlandyrmasy döreýär. Burawyň kellejiginiň ýogynlygynyň iňňäniň ýogynlygyna gabat gelmelidigini ýatda saklamalydyr, sebäbi deşik iňňä görä giň bolsa agyrysyzlandyryjy ergin agyz boşlugyna döküler.



*20-nji surat.* Süňk içre siňdirme agyrysyzlandyrmada iňňäniň ýagdaýy

### 4.5.1.5. Diş bagjyk içre agyrysyzlandyrma

Diş bagjyk içre agyrysyzlandyrma siňdirme agyrysyzlandyrmanyň bir görnüşi bolup, munda ýerli agyrysyzlandyryjy ergin dokumalaryň garşylygyny ýeňip geçmeklik üçin bellibir basyş güýji bilen gönüden-göni diş bagjygynyň içine goýberilýär. Ýokary basyş bilen goýberilýän agyrysyzlandyryjy ergin süňküň öýjükli bölegine, diş pulpana, has ýokary basyşda bolsa süňk gabygyna we diş etine tarap ýaýraýar. Ulanylýan ýörite sanjawaç özüniň aralyk bölegi arkaly ölçäp bolýan ýokary basyşy döretmäge we goýberilýän agyrysyzlandyryjynyň möçberini kesgitlemäge ýol berýär. Emma bu maksatlar üçin adaty ulanylýan «rekord» kysymly sanjawaçlary we kese kesimi 0,4 *mm* bolan adaty polat iňňeleri hem ulanmak bolar. Agyrysyzlandyrma geçirmezden öň diş etiniň keşjagazyny we dişiň täjini zyýansyzlandyryjy erginler bilen arassalaýarlar. Iňňe dişiň merkezi okuna 30° burç ýapgytlykda diş etiniň keşjagazyna sanjylýar. Iňňäniň kesilen ýüzi köküň ýüzüne tarap bakdyrylan bolmaly. Iňňäni diş bagjygynyň içine 1-3 *mm* çuňlukda sançýarlar.

Bir kökli dişleri agyrysyzlandyrmak üçin trimekain, lidokain, ksilostezin, ultrakain we başga agyrysyzlandyryjy erginleriň 0,2 *ml*-i, köp kökli dişlerde 0,4–



*21-nji surat.*
Diş bagjyk içre agyrysyzlandyrma geçirmeklik

–0,6 *ml*-i ýeterlik bolýar. Agyrysyzlandyrma 15-45 *sek*untdan soňra döreýär we onuň dowamlylygy 1-3 min, eger-de agyrysyzlandyryjy ergine damar gysyjy derman garylsa (adrenalin, noradrenalin, mezaton), 30-45 *min* dowam edýär. Diş bagjyk içre agyrysyzlandyrma, esasan, onuň pulpasy aýrylyp bejerilen ýagdaýlarda (pulpit, terapiýa we ortopediýa görkezmeleri boýunça diş pulpasy aýrylyp kök akabasynyň petiklenmegi we ş.m.) ulanylýar (*21-nji surat*).

## 4.6. SEBITLEÝIN AGYRYSYZLANDYRMA

Üç şahaly nerwiň çetki şahalarynyň sebitleýin agyrysyzlandyrmasy üçin agyrysyzlandyryjy ergini öýjükli ösüntginiň, gözasty, uly kentlewük, alynky, eňek deşikleriniň töweregine we aşaky äň deşiginiň töweregine ýa-da adybir şahalar geçýän öýjükli dokuma boşluklaryna goýberýärler.

### 4.6.1. Ýokarky äňdäki sebitleýin agyrysyzlandyrmalar

#### 4.6.1.1. Üç şahaly nerwiň ýokarky yzky öýjükli ösüntgi şahalarynyň agyrysyzlandyrmasy (güberçek agyrysyzlandyrmasy)

Üç şahaly nerwiň ýokarky yzky öýjükli ösüntgi şahalarynyň agyrysyzlandyrmasy (güberçek agyrysyzlandyrmasy) ýokarky azylaryň töwereginde, şeýle hem degişlilikde, öýjükli ösüntgide geçirilýän amallarda görkezilendir. Munuň üçin agyzdan daşary we agyz içre usullar teklip edilýär.

Agyz içre usuly köp ulanylýar. Äňler ýarym gysylan ýagdaýynda iňňäni duluk-öýjükli ösüntgi gerşiniň yzyndan, ikinji uly azynyň deňesinden geçiş ýygyrdy boýunça sançýarlar. Iňňäni ýokaryk, yza we içgin 2-2,5 *sm* çuňluga girizýärler. Iňňe sanjyldygyça dokumalara 1,5-2 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler. Ganat şekilli wena torunyň şikeslenmezligi üçin iňňe sanjylanda süňküň ýüzi boýunça gitmeli (*22-nji a,b,ç suratlar*).

Sebitleýin agyrysyzlandyrmalarda agyrysyzlandyrylýan ýerleriň oňat görülmegi üçin suratlar getirilen.

Güberçek agyrysyzlandyrmasynyň agyzdan daşary usulynyň (P.M. Ýegorowyň usuly boýunça) birnäçe artykmaçlyklary bar: amal meýdany oňat görünýär we iňňe bilen arkaýyn işläp bolýar, iňňe sanjyljak ýeri ygtybarly arassalama üçin hemme şertler bar, iňňe süýşürilende öňünden köp damar çykmaýar we şol sebäplide gan inmekliginiň öňi alynýar. Ýokarky yzky öýjükli ösüntgi şahalar agyrysyzlandyryjy bilen baglananda, lukman näsagyň *sag* tarapynda durýar. Ýokarky yzky



*a*) *b*) *ç*)

*22-nji a, b, ç suratlar.* Güberçek agyrysyzlandyrmasy. Bu suratda we soňraky suratlardaky şertli bellikler: has güýçli agyrysyzlandyrma döreýän ýerleri çyzyklar bilen bellenen, gowşak agyrysyzlandyrma döreýän ýerler nokatlar bilen bellenen:
*a* – ýaňak gapdala çekilen ýagdaýda sanjawajyň ýagdaýy; *b* – sanjawajyň iňňesiniň ugry;
*ç* – agyrysyzlandyrylýan ýerler

öýjükli ösüntgi şahalarynyň geçişiniň çuňlugyny kesgitlemek üçin çyzgyç bilen göz hanasynyň daşky-aşaky burçundan duluk süňküniň öň tarap-aşaky burçuna çenli aralygy ölçeýärler. Bu aradaşlygy başga usul bilen hem ölçäp bolýar. Lukman çep eliniň süýem barmagy bilen göz hanasynyň daşky-aşaky burçuny, şol eliniň uly barmagy bilen bolsa, duluk süňküniň öň tarap-aşaky burçuny tapýar. Bu iki nokatlaryň aradaşlygy sanjawajyň iňňesinde bellenýär. Munuň üçin, iňňä öňünçä zyýansyzlandyrylan rezin bölegi geýdirilýär. Soňra derini spirt ýa-da ýod ergini bilen arassalap, iňňäni duluk süňküniň öň tarap-aşaky burçunyň aşagyna sançýarlar we duluk süňküniň aşagy boýunça göni edip, gerek çuňluga, daşky gulak deşiginiň aşak gyrasy we gözhananyň aşaky gyralary boýunça geçýän çyzyga 90° we öňden yza tekizlige 45° edip çümdürýärler (*23-nji surat*). Iňňe ýokarky äňiň güberçegine çenli deriden, derasty ýag gatlagyndan, ýaňagyň ýag tokgasyndan geçýär. Iňňe çümdügiçe we ýokarky äňiň güberçeginiň ýanynda 2-5 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler. 10-15 *min* geçeninden soňra, ýokarky yzky öýjükli ösüntgi şahalarynyň nerw üpjünçiligindäki ýerler agyrysyzlandyrylýar. Käwagtlar ýokarky orta we öň tarap öýjükli ösüntgi şahalary hem agyrysyzlandyrylýar.




*23-nji surat.* Üç şahaly nerwiň ýokarky yzky öýjükli ösüntgi şahalarynyň agyzdan daşary usuly:
*a* – duluk süňküniň öň tarap –aşaky burçy;
*b* – gözhananyň daşky-aşaky burçy; *ç* – iňňe sanjylanyndaky soňky nokat; *de* – daşky gulak deşiginden gözhananyň aşaky gyrasy boýunça geçýän tekizlik çyzygy; *gaf* – iňňäniň ýapgytlyk burçy

Öň tarap ýokarky öýjükli ösüntgi şahalaryň gözasty deşikde agyrysyzlandyryjy ergin bilen baglanylmagy (gözasty agyrysyzlandyrmasy) agyz içre we agyzdan daşary ýollar bilen amala aşyrylýar. Agyz içre usul bilen geçirilende, çep eliň süýem barmagy bilen gözasty deşigiň töwereginiň dokumalaryny basyp durýarlar, şol eliň başam barmagy bilen bolsa ýokarky dodagy ýokaryk we gapdala çekýärler. Iňňäni degişli tarapyň merkezi we gapdal alyn dişleriniň arasy boýunça geçiş ýygyrdyndan sançýarlar, ony süňke baryp ýetýänçä ýokaryk we daşgyn süýşürýärler. Biraz iňňäni süýşürmek bilen gözasty deşigi tapýarlar, iňňäni akabanyň içine 0,7-1,0 *sm* salýarlar we 0,5-1,0 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler (*24-nji a,b,ç,d suratlar*).



*a*) *b*)

*ç*) *d*)

*24-nji a, b, ç, d suratlar.* Gözasty agyrysyzlandyrma:
*a* – iňňäniň we sanjawajyň ýagdaýy; *b* – agyrysyzlandyrylýan ýerler;
*ç* – agyz içre usul; *d* – agyzdan daşary usul

Gözasty agyrysyzlandyrmanyň agyzdan daşary usuly has ýönekeý. Ol ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň töwereginde çişme hadysa bolan ýagdaýynda ulanylýar. Gözasty deşigiň ýeri kesgitlenilenden soňra iňňäni deriniň üsti boýunça onuň ýerleşýän ýerinden 0,5 *sm* aşakdan we içgin sançýarlar. Soňraky hereketleri agyz içre usuldaky ýaly geçirýärler. Agyrysyzlandyryjy ergin goýberilende, akabanyň içinde, adatça, orta ýokarky öýjükli ösüntgi şaha hem baglanýar.

### 4.6.1.2. Uly kentlewük nerwini baglamak (kentlewük agyrysyzlandyrmasy)

Uly kentlewük nerwini baglamaklygy (kentlewük agyrysyzlandyrmasy) adybir deşigiň ýanynda agzy giň açyp geçirýärler. Iňňäni gaty kentlewügiň ortasyny we birinji ýa-da ikinji uly azynyň kentlewük köküniň derejesinde diş etiniň gyrasyny birleşdirýän çyzygyň ortasyndan daşgynrak sançýarlar (*25-nji a,b* we *26-njy suratlar*).



*a*) *b*)

*25-nji surat.* Kentlewük agyrysyzlandyrmasy:
*a* – sanjawajyň ýagdaýy we iňňäniň sanjylýan ýeri; *b* – agyrysyzlandyrylýan ýerler

### 4.6.1.3. Burun-kentlewük nerwini baglamak (alynky agyrysyzlandyrma)

Burun-kentlewük nerwini baglamaklygy (alynky agyrysyzlandyrma) näsagyň agzyny giňden açdyryp geçirýärler (agyz içre usul). Iňňäni alynky emzijegiň töweregine ýa-da ondan biraz yzdan sançýarlar hem-de süňke degýänçä çümdürýärler. Dokumalara agyrysyzlandyryjy erginiň, takmynan, 0,25-0,5 *ml* goýberýärler. Iňňe alynky akabanyň içine 0,5-0,75 *sm* girizilende, has çuňňur agyrysyzlandyrma döreýär (*26-njy b, 27-nji a,b,ç suratlar*). Alynky emzijegiň töwereginde çişme hadysa bolan ýagdaýynda burun-kentlewük nerwini baglamak agyzdan daşary usul bilen aşaky burun geçelgesi tarapdan agyrysyzlandyryjy ergini sançmak arkaly amala aşyrylýar.




*26-njy surat.* Uly kentlewük: (*a*, $a^1$) we burun-kentlewük (*b*) nerwleri baglanylanda iňňäniň ýagdaýy



*a*) *b*) *ç*)

*27-nji a, b, ç suratlar.* Alynky agyrysyzlandyrma:
*a* – agyz içre usuly; *b* – agyzdan daşary usul; *ç* – agyrysyzlandyrylýan ýerler

### 4.6.2. Aşaky äňdäki sebitleýin agyrysyzlandyrmalar

#### 4.6.2.1. Aşaky äň deşiginiň ýanynda aşaky öýjükli ösüntgi nerwini baglamak (aşaky äň agyrysyzlandyrmasy)

Aşaky äň deşiginiň ýanynda aşaky öýjükli ösüntgi nerwini baglamaklygy (aşaky äň agyrysyzlandyrmasy) agyz içre we agyzdan daşary usullar bilen geçirýärler. Agyz içre agyrysyzlandyrmada çep eliň süýem barmagy bilen aşaky äňiň şahasynyň öň tarap gyrasynyň suduryny we çekge kekeçjiginiň ýerini tapýarlar. Şahanyň öň tarap gyrasyny barmak bilen ellemekligi daşky gytak çyzykdan başlamak gerek, soňra bolsa barmagyň ujuny azy yzy oýtuma ýerleşdirýärler, barmak bilen çekge kekeçjigi tapýarlar we ol bolsa iňňäni sançmak üçin belgi bolup durýar (*28-nji a, b, ç, d suratlar*). Iňňäni ganat görnüşli-äň ýygyrdynyň daşy boýunça, aşaky azylaryň çeýneýji ýüzlerinden 1 *sm* ýokardan beýleki tarapyň ikinji kiçi azysy tarapdan sançýarlar we iňňäni 0,75 *sm* çümdürip dil nerwini baglamak üçin 0,5 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler, soňra bolsa 2-2,5 *sm* çuňlukda ýene-de 3-4 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler. Agyrysyzlandyrma, adatça, 10-15 *min* geçenden soň döreýär.



*a*)



*b*)



*ç*)



*d*)

*28-nji a, b, ç, d suratlar.* Aşaky äň agyrysyzlandyrmasy:
*a* – agyz içre adaty usuly; *b* – barmak ulanylmaýan usuly; *ç* – agyzdan daşary usuly; *d* – agyrysyzlandyrylýan ýerler

Aşaky äň agyrysyzlandyrmasynyň barmak ulanylmaýan usuly. Bu usul A.Ý. Werloskiý tarapyndan teklip edilen. Agyrysyzlandyrma agyz giň açylan ýagdaýynda geçirilýär. Sanjawajy beýleki tarapa ýerleşdirýärler (gyýak dişden ikinji uly aza çenli aralykda) we iňňäni ganat görnüşli-äň ýygyrdynyň daş gyrasy boýunça ýokarky we aşaky uly azylaryň çeýneýiş ýüzleriniň ortasyndan sançýarlar. 1,5-2 *sm* çuňlukda süňke degýär. Haçanda iňňe süňke degmedik ýagdaýynda sanjawajy yza cekýärler we ýygyrdyň daşky gyrasy boýunça täzeden sançýarlar. Talyplar we ýaş lukmanlar adaty aşaky äň agyrysyzlandyrmany (barmagyň kömegi bilen iňňe sanjyljak ýeri kesgitlemek bilen) özleşdirenlerinden soňra barmak ulanylmaýan usuly ulanyp bilerler.

Görkezmeler boýunça (äňleriň gysylmagy) aşaky äň agyrysyzlandyrmasy agyzdan daşary usul bilen amala aşyrylyp bilner. Iňňäni äňasty töwerekde aşaky äňiň burçunyň 1,5-2 *sm* öňünden sançýarlar. Iňňäni süňküň ýüzi boýunça şahanyň yz gyrasyna ugurdaş edip, 3,5-4 *sm* çuňluga çümdürýärler.

### 4.6.2. 2. Aşaky äň nerwini aşaky äň beýikligine baglamak

Aşaky äň nerwini aşaky äň beýikliginde baglamaklygy (Weýsbremiň usuly boýunça) näsag agzyny giňden açanda amala aşyrylýar. Iňňeli sanjawajy sanjylýan ýere – ganat görnüşli äň ýygyrdynyň öňi boýunça ýokarky uly azy dişleriň çeýneýiş ýüzlerinden 0,5 *sm* aşakdan göni kese ýerleşdirýärler. Iňňe nemli bardadan, öýjükli dokumadan geçip, aşaky äň zolak beýikliginiň töwereginiň süňküne direýär we ol ýerde 1,5 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler. Iňňe birnäçe millimetr çekilende, goşmaça 0,5 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler. Weýsbrem boýunça aşaky äňde agyrysyzlandyrma geçirilende, aşaky öýjükli ösüntgi, dil we ýaňak nerwler baglanýar (*29-njy a,b,ç suratlar*).



*a*)　*b*)　*ç*)

*29-njy a, b, ç suratlar.* Aşaky äň nerwini zolak beýiklikde baglamaklyk:
*a* – aşaky äňiň zolak beýikliginiň ýanynda nerwleriň ýerleşişleri: 1 – ýaňak nerwi; 2 – dil nerwi; 3 – aşaky öýjükli ösüntgi nerwi; 4 – aşaky äňiň zolak beýikligi; *b* – agyrysyzlandyrylýan ýerler; *ç* – iňňäniň sanjylýan ýeri we sanjawajyň ýagdaýy

### 4.6.2.3. Eňek nerwini baglamak (eňek agyrysyzlandyrmasy)

Eňek deşiginde eňek nerwini baglamaklygy (eňek agyrysyzlandyrmasy) agyz içre we agyzdan daşary usullar bilen amala aşyrýarlar. Agyz içre usulda äňler gysylan ýagdaýynda iňňäni birinji uly azynyň deňesinde geçiş ýygyrdy boýunça süňke çenli sançýarlar. Eňek deşiginiň ýerini tapyp, iňňäni aşak, öňe we içgin akabanyň içine salýarlar we 1–2 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler. Agyzdan daşary agyrysyzlandyrma usulynda iňňä gerekli ugry bermek ýeňil bolýar. Iňňäni deriniň üstünden eňek deşiginiň ýerleşýän ýeriniň biraz ýokarsyndan we yzyndan sançýarlar (*30-njy a, b, ç, d suratlar*).




*30-njy a, b, ç, d suratlar.* Eňek agyrysyzlandyrmasy:
*a* – iňňäniň ýagdaýy; *b* – agyrysyzlandyrylýan ýerler;
*ç* – agyz içre usul; *d* – agyzdan daşary usul

### 4.6.2.4. Ýaňak nerwini baglamak (ýaňak agyrysyzlandyrmasy)

Näsag agzyny giň açan ýagdaýynda sanjawajy beýleki tarapdan gönükdirip, iňňäni ýaňagyň nemli bardasyna sançýarlar. Iňňe sanjylýan nokat ýokarky uly azy dişleriň çeýneýiş ýüzi boýunça geçýän kese çyzygyň aşaky äňiň täç ösüntgisiniň öň tarap gyrasynyň ýaňagyň nemli bardasyna gabat gelýän dik çyzygyň kesişmesi bolup durýar. Iňňäni täç ösüntginiň öň gyrasyna çenli 1-1,5 *sm* çuňluga çümdürýärler we 1–2 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler (*31-nji a,b suratlar*).



*a*) *b*)

*31-nji a, b suratlar.* Ýaňak agyrysyzlandyrmasy:
*a* – iňňäniň sanjylýan ýeri we onuň ýagdaýy; *b* – agyrysyzlandyrylýan ýerler

### 4.6.2.5. Dil nerwini baglamak (dil agyrysyzlandyrmasy)

Dil nerwini aşaky äň deşiginiň ýanynda we aşaky äň beýikliginiň ýanynda agyrysyzlandyrma geçirilende, baglaýarlar. Mundan başga-da, oňa äň-dil ganawjygynda täsir etmek bolar. Munuň üçin aýna bilen dili beýleki tarapa çekýärler. Iňňe sanjymyny üçünji uly azy dişiň täjiniň ortasynyň äň-dil ganawjygynyň iň çuň ýeriniň nemli bardasy boýunça geçirýärler. Bu ýerde dil nerwi örän ýüzleý ýatýar. 2 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberilýär. Agyrysyzlandyrylýan ýerler dil nerwiniň duýgurlylygy ýerine gabat gelýär (*32-nji a,b suratlar*).



*a*) *b*)

*32-nji a, b suratlar.* Dil agyrysyzlandyrmasy:
*a* – iňňäniň sanjylýan ýeri we onuň ýagdaýy; *b* – agyrysyzlandyrylýan ýerler

## 4.7. AŞAKY ÄŇ NERWINIŇ HEREKETLENDIRIŞ SÜÝÜMLERINI BAGLAMAK

**Berşeniň usuly.** Çeýneýiş nerwini baglamak üçin gulak ýelkeniniň öňündäki kitirdewükden-serkeden 2 *sm* öň tarapdan, duluk ýaýynyň aşagyndan deri örtüklerine dik göni keseligine iňňäni sançýarlar. Iňňäni keseligine aşaky äňiň şahasynyň aýlawyndan geçirip, orta çyzyga tarap 2–2,5 *sm* çuňluga çümdürýärler, 3–5 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler. Agyrysyzlandyrmanyň netijesi 5–10 *min*-dan ýüze çykýar. Ol aşaky äňi ýokary galdyrýan muskullaryň gowşamaklygynda ýüze cykýar. Bu agyrysyzlandyrmany aşaky äňiň çişme hadysa sebäpli dartgynly ýapylmasy bolanda ulanýarlar (döräninden soň 10 günüň içinde). Muskullarda düýpli üýtgemeler dörände nerwleri agyrysyzlandyryjy ergin bilen baglap, agzyň açylmagyny gazanmak başa barmaýar.

**P. M. Ýegorowyň usuly.** Agyrysyzlandyrma diňe bir aşaky äň nerwiniň çeýneýiş nerwini baglamaklyga ýol bermän, eýsem, onuň beýleki hereketlendiriş şahalaryny hem baglaýar.

Agyrysyzlandyryjy ergininiň siňmeli göwrümini çekgasty gerşiň daş ýüzündäki bogun tümmejiginiň öň tarap ýapgydynyň düýbüniň deňinde döredýärler we bu ganat görnüşli-çekge, ganat görnüşli-aşaky äň boşluklarynyň we çekgasty çukurjygynyň öýjükli dokumalaryna agyrysyzlandyryjy ergini siňdirmeklige ýol berýär. Hut şu ýerlerde hem hereketlendiriş şahalar ýerleşendir.

Lukman näsagyň *sag* tarapynda durýar. Çep eliniň 1-nji barmagynyň ujy bilen aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň we bogun tümmejiginiň daş ýüzüni basyp durýar. Näsaga agzyny açyp-ýapmagy, aşaky äňini gapdala hereket etdirmegi haýyş edýärler. Şeýle hereketler bilen lukman bogun tümmeginiň 0,5-1 *sm* öňünden we duluk ýaýynyň gyrasynyň aşagynda ýerleşen iňňe sanjylýan nokady belleýär. Derini spirt ýa-da ýoduň spirtli ergini bilen arassalap, bellenilen nokada iňňäni sançýarlar. Iňňäni duluk süňküniň ýaýynyň aşagy boýunça çekge süňküniň daş ýüzüne çenli biraz ýokary edip çümdürýärler (deriniň ýüzüne 60-75° burç bilen). Bu aralygy sag eliň 2-nji barmagy bilen belläp saklaýarlar we iňňäni 0,5-1 *sm* yza çekýärler. Soňra deriniň ýüzüne dik göni keseligine (90° burç bilen) iňňäni ýumşak dokumalaryň içine 2-nji barmagyň belligine çenli ýene çümdürýärler we 2 *ml* agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler.

## 4.8. ÝOKARKY ÄŇ WE AŞAKY ÄŇ NERWLERINIŇ SÜTÜN AGYRYSYZLANDYRMASY

Ýokarky ýa-da aşaky äňiň töweregindäki ähli dokumalary agyrysyzlandyrmaklygy talap edýän şikesli amallar geçirilende, ganat görnüşli kentlewük çukurjygyndaky tegelek deşigiň ýanynda ýokarky äň nerwini (üç şahaly nerwiň II şahasyny) we süýri deşigiň ýanynda aşaky äň nerwini (üç şahaly nerwiniň III şahasyny) agyrysyzlandyryjy ergin bilen baglamaklygy amala aşyrmak mümkin.

Üç şahaly nerwiň II we III şahalary baglanylanda has ýönekeý we amatly ýol bolup, pahna görnüşli süňküň ganat şekilli ösüntgisiniň daşky ýüzi bolup durýanlygy S.N. Waýsblatyň işlerinde görkezilendir. Ganat görnüşli-kentlewük çukurjygynyň daş tarapa açylýan ganat görnüşli – ýokarky äň yşy we süýri deşik ganat görnüşli ösüntginiň daşky ýüzi bilen bir tekizlikde ýerleşýär. Ganat görnüşli-kentlewük çukurjygyna girelge ganat görnüşli ösüntginiň daş ýüzüniň öňünden, süýri deşige bolsa, ondan yzda ýerleşýär (*33-nji a,b suratlar*). Içi dokumalardan, nerwlerden we öýjükli dokumadan dolan we uly bolmadyk göwrümi bolan ganat görnüşli kentlewük çukurjygyna agyrysyzlandyryjy ergin goýbermek ýeterlikdir we ol aňsatlyk bilen tegelek deşige barýar hem-de ýokarky äň nerwä siňýär. Gönüden-göni tegelek deşige iňňäni eltmegiň geregi ýok. Sütün agyrysyzlandyrmasyny geçirmek üçin uzynlygy 7-8 *sm* bolan iňňäni ulanmak gerek.




*a*)                *b*)

*33-nji a, b suratlar.* Duluk ýaýynyň aşagy boýunça üç şahaly nerwiň II we III şahalarynyň sütün agyrysyzlandyrmasy:
*a* – serke –gözhana çyzygynyň ortasy boýunça iňňäni sançmaklyk; *b*: 1 – iňňe ganat görnüşli ösüntginiň daş tarap gatynyň ýanynda; 2 – iňňe ganat görnüşli – kentlewük çukurjygynyň girelgesiniň ýanynda; 3 – iňňe süýri deşigiň ýanynda

### 4.8.1. Ýokarky äň nerwiniň ganat görnüşli-kentlewük çukurjygynda sütün agyrysyzlandyrmasy

Ganat görnüşli-kentlewük çukurjygyna iňňäni birnäçe usul bilen eltip bolar: 1) duluk ýaýynyň aşagyndan; 2) ýaňagyň ýumşak dokumalarynyň üstünden; 3) gözhananyň üstünden we 4) ganat görnüşli – kentlewük akabasynyň içinden.

1. Iňňäni duluk ýaýynyň aşagyndan (S.N. Waýsblatyň usuly boýunça) geçirmek üçin lukman näsagyň *sag* tarapynda durýar we näsagdan kellesini sanjym geçirilmeýän tarapa öwürmegi haýyş edýär (lukman çep eliniň uly barmagynyň ujy bilen bogun tümmejigini kesgitleýär). Bu ýeriň derisini 96%-li etil spirti ýa-da ýoduň ergini bilen arassalaýarlar. Iňňäni bogun tümmejiginiň öňünden, duluk ýaýynyň aşagy boýunça sançýarlar we ýumşak dokumalar boýunça pahna görnüşli süňküň ganat görnüşli ösüntgisiniň daş tarap gatyna direýänçä çümdürýärler. Ganat görnüşli ösüntginiň daş tarap gatynyň ýerleşişiniň çuňlugyny kesgitleýärler. Şonuň ýaly çuňlukda, emma biraz öň tarapda ganat görnüşli-kentlewük çukurjygyna girelge ýerleşen. Agzalan çukurjygyň ýanyna iňňäniň ujuny eltmek üçin lukman iňňäni 2-3 *sm* yzyna çekýär (çekgasty gerşe çenli), ony 20–30° burç bilen öňe gönükdirýär we ýene-de ýumşak dokumalara, ýokardaky bellige çenli çümdürýär. Mundan soňra iňňäniň ujy ganat görnüşli-kentlewük çukurjygynyň girelgesine barýar we ol ýerde 5-8 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler. 15–20 *min* geçeninden soňra tutuş ýokarky äň nerwi baglanylýar.

2. Eger-de iňňäni ýaňagyň ýumşak dokumalarynyň üstünden geçirseler, onda ony duluk-öýjükli ösüntgi gerşiniň deňesinde duluk ýaýynyň aşagyndan sançýarlar we ýumşak dokumalar boýunça ýokaryk, yza we içgin çümdürýärler. Iňňe, takmynan, 5 *sm* çuňlukda ýokarky äň güberçeginiň we ganat görnüşli ösüntginiň

aralygy boýunça ganat görnüşli kentlewük çukurjygyna girýär we şu ýerde hem agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler (*34-nji surat*).

3. Gözhana ýol boýunça (Woýno-Ýaseneskiniň usuly boýunça) iňňäni gözhananyň aşaky gapdal burçuna sançýarlar we iňňäni gözhananyň aşaky diwary boýunça aşaky gözhana yşyna tarap 4–5 *sm* çuňluga typdyryp çümdürýärler. Ganat görnüşli – kentlewük çukurjygyna 5 *ml*-e çenli agyrysyzlandyryjy ergin goýberýärler (*35-nji surat*).

4. Iňňäni uly kentlewük deşigine girizýärler (Karreanyň usuly boýunça) we 3–4 *sm* çuňluga çümdürýärler. Ganat görnüşli-kentlewük çukurjygyna 2–3 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini goýberýärler. 15-20 *minutdan* ýokarky äň nerwä baglanýar (*36-njy surat*).



*34-nji surat.* Ýaňagyň ýumşak dokumalarynyň üsti boýunça ýokarky äň nerwiniň sütün agyrysyzlandyrmasy



*35-nji surat.* Gözhana ýol boýunça ýokarky äň nerwiniň sütün agyrysyzlandyrmasy



*36-njy surat.* Uly kentlewük akaba boýunça ýokarky äň nerwiniň sütün agyrysyzlandyrmasy

### 4.8.2. Aşaky äň nerwiniň süýri deşiginiň ýanynda sütün agyrysyzlandyrmasy

Iňňäni duluk ýaýynyň aşagyndan geçirmek üçin lukman näsagyň şol tarapynda durýar we näsagdan sanjym geçirilmeýän tarapa kellesini öwürmegi haýyş edýär. Lukman çep eliniň uly barmagynyň ujy bilen bogun tümmejigini kesgitleýär. Bu ýeriň derisini 96%-li etil spirti ýa-da ýoduň spirt ergini bilen arassalaýarlar. Iňňäni bogun tümmejiginiň öňünden, duluk ýaýynyň aşagy boýunça sançýarlar we ýumşak dokumalar boýunça pahna görnüşli süňküň ganat görnüşli ösüntgisiniň daş tarapky gatyna direýänçä çümdürýärler. Ganat görnüşli ösüntginiň daş tarapky gatynyň ýerleşişiniň çuňlugyny kesgitleýärler. Şonuň ýaly çuňlukda, biraz yz tarapda kelleçanagyň düýbüniň süýri deşigi ýerleşýär. Agzalan deşige iňňäniň ujuny eltmek üçin lukman iňňäni 2-3 *sm* yzyna çekýär, ony 20-25° burç bilen yza gönükdirýär we ýene-de ýumşak dokumalara iňňedäki bellige çenli çümdürýär. Mundan soňra iňňäniň ujy süýri deşigiň ýanyna barýar we ol ýerde 5-8 *ml* agyrysyzlandyryjy ergini

goýberýärler. 15-20 *min* geçeninden soňra, üç şahaly nerwiniň tutuş III şahasynyň üpjün edýän dokumalarynda agyrysyzlandyrma döreýär.

## 4.9. GÜÝÇLENDIRILEN ÝERLI AGYRYSYZLANDYRMA

Ýerli agyrysyzlandyryjy erginler gönüden-göni agyryny duýmazlygy üpjün edip, agyrynyň içki synalaryň alyş-çalyş hadysalar bilen baglanyşygyna we näsagyň agyry bilen baglanyşykly özüni alyp baryş duýgularyna täsir etmeýär. Oňaýsyz özüni alyp baryş duýgularyň täsiri bilen (amal bilen baglanyşykly gorky, ynjalyksyzlyk, ruhy dartgynlyk) näsagyň bedeninde düýpli üýtgemeler bolup geçýär: ganda kateholaminleriň, gistaminiň mukdary ýokarlanýar, damarlaryň gysylmasy döreýär, arterial gan basyşy ýokarlanýar, ýürek urmasy çaltlaşýar we ş.m.

Oňaýsyz özüni alyp baryş duýgulary we olar bilen baglanyşykly bedendäki kadaly bolmadyk üýtgemeleri aýyrmak üçin amalyň öňünden we amal wagty näsaglaryň derman bilen taýýarlygyny ulanýarlar. Ýatymlaýyn bejergi şertlerinde derman serişdeleriniň birnäçe topary ulanylýar: agyry aýryjylar, narkotiki agyry aýryjylar, gistamine garşy dermanlar, fenotiazin hataryň önümleri (pipolfen), gowşak köşeşdirijiler, uky dermanlary we ş.m. Olar merkezi nerw ulgamynyň dürli bölümlerine we agyry duýgularyny geçirijiligiň dürli basgançaklaryna täsir edýärler. Bu dermanlar nowokainiň, lidokainiň we ş.m. erginleriň ýerli agyrysyzlandyryjy ukyplaryny güýçlendirmän, agyrysyzlandyrmanyň netijeliligini has artdyrýarlar. Bedeniň goranyş jogabyny peseltmeklige we umumy agyrysyzlandyrmany üpjün edýän derman taýýarlygy ýagdaýynda amal ýarasynda agyry duýgurlygyny aýyrmak bilen geçirilen ýerli agyrysyzlandyrma güýçlendirilen ýerli agyrysyzlandyrma diýip at berýärler.

Stomatologiýa merkeziniň (Saglyk öýüniň) şertlerinde güýçlendirmek üçin köşeşdiriji dermanlary gelip çykyşy boýunça neşe däl agyry aýryjylar bilen utgaşdyryp ulanýarlar. Seýrek halatlarda bu dermanlary gistamine garşy dermanlar we narkotiki agyry aýryjylar bilen utgaşdyrýarlar. Köşeşdiriji dermanlar seresaplylyk bilen ulanylýar.

Stomatologiýa merkezinde (Saglyk öýünde) stomatolog-lukman köşeşdiriji dermanlary näsagyň ruhy duýujy dartgynlygynyň häsiýetine baglylykda ulanmalydyr. Ýokary gyjyndyryjylykly dartgynlyk bilen geçýän güýçli was-waslyk ýagdaýynda agyry aýryjy bilen utgaşdyrylan köşeşdiriji wena içre ulanylsa, ýerlikli bolýar. Güýçli bolmadyk oňaýsyz özüni alyp barmasynda olary içmek üçin bellemek bolar.

Ýatymlaýyn bejergi şertlerinde taýýarlygy amalyň öň ýanyndaky gün ýa-da (görkezmeler boýunça) birnäçe gün öňünden geçirýärler. Gijesine uky, gistamine garşy dermanlary, gowşak köşeşdiriji dermanlary belleýärler. Amala 3 sagat wagt galanda bu dermanlary gaýtadan berýärler. Goşmaça muskul içre narkotiki agyry aýryjylar we witaminler (*B, C* toparlar) sanjylýar. Amalyň 45 *min* öňünden muskul içre narkotiki agyry aýryjylaryň, gistamine garşy dermanlaryň, M-holinolitikleriň er-

ginleriniň «garyndysyny» sançýarlar. Bu dermanlara derek (käwagt olar bilen bilelikde) rahatlandyryjy ýa-da neýroleptagyrysyzlandyrma üçin ulanylýan dermanlary ulanmak bolar. Amalyň häsiýetine, onuň şikesliligine, näsagyň umumy ýagdaýyna baglylykda dermanlaryň möçberini aýratynlykda kesgitleýärler. Ýerli agyrysyzlandyrma ýagdaýynda geçirilýän şikesli amallary neýroleptagyrysyzlandyrma ýa-da ataralgeziýa bilen utgaşdyryp geçirmek maslahat berilýär.

Islendik derman taýýarlygynyň ygtybarly ýerli agyrysyzlandyrma geçirmekligi aradan aýyrmaýandygyny bellemek gerek.

## 4.10. ÝERLI AGYRYSYZLANDYRMANYŇ GAÝRÜZÜLMELERI

### 4.10.1. Ýerli agyrysyzlandyrmanyň ýerli gaýrüzülmeleri

Ýerli agyrysyzlandyrmada döreýän gaýrüzülmeleriň aglabasy ony geçirmegiň usullary bozulan ýagdaýlarynda, arassaçylyk düzgünleri bozulanda ýüze çykýar. Käbir gaýrüzülmeleriň döremegi äň-ýüz töwereginiň ýerleşiş-gurluş aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr.

Sanjymdan soňraky agyrylar we ýellenmeler izotoniki däl agyrysyzlandyryjy erginleri, möhletinden artyk saklanylan agyrysyzlandyryjy erginleri goýbermek bilen, arassaçylyk düzgünleriniň bozulmagy bilen baglanyşykly bolup biler.

Aşaky äň agyrysyzlandyrmasynda iňňe bilen içki ganat şekilli muskula zeper ýetmegi, şeýle hem ol ýeriň öýjükli dokumasyna ýokanç düşmegi, köplenç, äňleriň gysylmagyna getirýär, käbir ýagdaýlarda bolsa ganat şekilli-äň boşlugynyň absesiniň (iriňli boşlugynyň) ýa-da flegmonasynyň döremegine getirýär.

Sanjym iňňesiniň döwülmegi seýrek duş gelýär. Bu gaýrüzülmäniň öňüni almak üçin dokumalara sanjylan iňňe bilen çalasyn hereket etmeli däl, aýratyn hem süňküň ýanynda. Iňňäni hiç haçan dolulygyna, ony sanjawaç bilen birleşýän düýp bölegine çenli sançmaly däl.

Käbir sebitleýin agyrysyzlandyrmalarda, esasan hem, ýokarky yzky öýjükli ösüntgi nerwler baglanylanda gan damarlary zeperlenip bilýär we gan ingisi döreýär. Şeýle ýagdaýlarda ganaýan ýeri basyp saklamaly, basyp duran sargy, buzly meşijek goýmaly. 2–3 gün geçeninden soňra ýyladyjy çäreleri geçirmeli.

Nerw ulgamynda zeperlenmeler sebitleýin agyrysyzlandyrmanyň seýrek bolmadyk gaýrüzülmesi bolup, nerwiniň içine sanjylyp geçirilen ýerli agyrysyzlandyrmada nerw süýümleriniň bir böleginiň üzülmegi we mynjyramagy mümkin we bu ýagdaý degişli alamatlar bilen ýüze çykýar: duýgurlygyň bozulmagy, ýüzüň derisiniň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň nerwä baglylykda bellibir böleginiň agyry, gyzgynlyk we ten duýgurlygynyň peselmegi. Munuň ýaly ýagdaýda nerwiniň çişme kesellerindäki ýaly bejergi geçirilýär.

Aşaky äň agyrysyzlandyrmasy geçirilende, iňňäni aşaky äňiň şahasynyň yzky gyrasyndan has yza çuň çümdürilen iňňe bilen sanjylan agyrysyzlandyryjy ergin ýüz nerwiniň şahalaryny baglaýar we munuň netijesinde ýüzüň keşp muskullarynyň

wagtlaýyn ysmazy döreýär. Şunuň ýaly gaýrüzülme gözasty agyrysyzlandyrma geçirilende, ýüz nerw ulgamyny ýaňak we duluk şahalarynyň baglanmagy netijesinde döräp biler. Adatça, emele gelýän wagtlaýyn ysmaz ýagdaýy agyrysyzlandyryjy erginiň täsiri gaçanyndan soňra öz-özünden aýrylýar.

Ýerli agyrysyzlandyrmanyň has howply gaýrüzülmeleri ýalňyşlyk bilen başga suwuklygyň goýberilmegi (naşatyr we etil spirtleri, kalsiý hloridi, wodorodyň ötetürşusy) netijesinde döreýär. Ýalňyşlyk bilen başga suwuklyk goýberilende, näsag ilkibaşdan agyra arz edýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda sanjylýan ýeriň dokumalaryna 10–20 *ml* nowokainiň 0,5%-li erginini sançmaly, nemli bardany we onuň aşagynyň dokumalaryny kesmeli, onuň içini nahar duzunyň 10%-li gipertoniki ergini bilen ýuwmaly we ýaranyň içine turbajyk salyp, suwuklyk çykar ýaly edip goýmaly. Iriňli-çüýreme hadysalaryň öňüni almak üçin, ýokanja garşy dermanlaryň erginlerini goýberýärler, agyry aýryjy we gistamine garşy dermanlary ulanýarlar, zähersizlendirme bejergisi geçirilýär.

Ýüzüň we boýnuň derasty dokumalarynda howa döremegi ýerli agyrysyzlandyrma geçirilenden soňra döreýän örän seýrek gaýrüzülmedir. Onuň döreýşi henize çenli doly anyklanmadykdyr. Gaýrüzülmäniň kesel kesgitlemesi we bejergisi üýtgeşik bir kynçylyklar döretmeýär, emma gursagara boşluga ýaýran halatynda agyr umumy keseliň ýüze çykmagyna howp döreýär. Adatça, näsaglar howsalaly ýagdaýda özlerini alyp baryp, ýellenme doränligine arz bildirýärler. Howanyň döremegi gysga wagtyň dowamynda (birnäçe minutdan 1–2 *sagada* çenli) bolup geçýär. Näsagyň ýüzünde ýellenme bildirýär, el bilen barlanylanda ýumşak dykyzlykly, sähelçe agyry duýgusy bilen hytyrdy bildirýär. Bejergi maksady üçin basyp duran sargy, çişmä garşy, umumy beden berkidiji, bedeniň ýokary duýgurlyk ýagdaýyny peseltmek boýunça derman serişdeleri, fiziki bejeriş usullaryny belleýärler.

### 4.10.2. Ýerli agyrysyzlandyrmanyň umumy gaýrüzülmeleri

**Zäherlenme.** Nowokainiň zäherliligi ujypsyzdyr. Emma käbir kesellerde, haçanda gan suwuklygynyň holinesteraz işjeňligi peselende (gipertireoz, agyr görnüşli beden tarapyndan ýokary duýgurlyk, iýmit distrofiýasy), gepatitde, bagyr sirrozynda nowokainiň, lidokainiň we trimekainiň zäherliligi ýokarlanýar. Zäherlenme ýerli agyrysyzlandyryjy gan damaryna düşeninde has-da ýokarlanýar. Mundan başga-da, ýerli agyrysyzlandyryjylaryň zäherliligi onuň ölçeg birlik göwrümindäki mukdarynyň öz-özüne köpeltmesine deň bolup durýar.

Nowokain we trimekain artykmaç möçberde sanjylanda, näsaglar gorky, başaýlanma, kellagyry, ysgynsyzlyk, ýürek bulanma duýýarlar. Deri örtükleriniň we nemli bardalarynyň reňki solak bolýar, sowuk der basýar, ýüzleý çalt dem alyş, duýdansyz hereketler döreýär. Hereket tutgaýlary bolup biler. Arterial basyş has peselen, damar urgusy ýygy we ýüzleý. Emma käwagtlar haýal ýürek ýygrylmasy hem döräp biler.

Aýdylyp geçilen alamatlar ýüze çykanda agyrysyzlandyryjy ergini goýbermekligi bes etmeli. Näsagy doly kese ýagdaýa geçirip ýatyrmaly, naşatyr spirtini ysgatmaly, wena içre agyry aýryjylar bilen bilelikde 20 *ml* glýukozanyň 40%-li ergininini gan basyşyny beýgeldiji dermanlar bilen (1–2 *ml* kordiamin), 2–5 *ml* askorbin turşusynyň 5%-li erginini, ýürek glýukozidlerini (0,5–1 *ml* korglýukonyň 0,06%-li ergini, 0,5 *ml* strofantiniň 0,05%-li ergini) goýbermeli. Tolgunma duýgulary döränden wena içre 1–2 *ml* 1%-li tiopental natriý erginini goýberýärler, emeli dem alyş geçirýärler. Bedenden agyrysyzlandyryjy ergniň çykmaklygyny tizleşdirmek üçin 2-4 *ml* laziks goýberip (muskul içre ýa-da wena içre), buşukma ýardam berýärler.

Adrenalin artykmaç möçberde sanjylanda, rahatsyzlyk, titreme, gorky, deri örtükleriniň sowamagy, demgysma, kellagyry, ýürek töweregindäki agyry, ýürek urma, arterial gan basyşyň ýokarlanmagy döreýär, ýürek işleýşiniň bozulmasy, ýürek garynjyklarynyň goşmaça ýygrylmasy, huşunyň ýitmegi, beýnä gan inmegi, öýken çişmesi bolup biler.

Bu ýagdaýda kömek berlende wena içre 0,5–1 *ml* atropin sulfatynyň 0,1%-li erginini, 2 *ml* kordiamini, natriý hloridiniň izotoniki ergininde 0,5 *ml* strofantiniň 0,05%-li erginini goýbermek, naşatyr turşusyny ysgatmak, kisloroddan dem aldyrmak gerek. Arterial gan basyşy has ýokary beýgelende wena içre 6-8 *ml* dibazolyň 0,5%-li erginini, 5–10 *ml* eufilliniň 2,4%-li erginini, 5–10 *ml* magniý sulfatynyň 25%-li erginini goýberýärler. Diliň aşagyna 1–2 *gerdejik* nitrogliserin goýýarlar.

**Başaýlanma.** Bu ýagdaý kelle-beýnisiniň ýiti kislorod ýetmezçiligi bilen kesgitlenilen. Başaýlanmada gulak şaňňyldamasy, ýürek bulanma, pallama döreýär. Göreçler giňelýär. Damar urgusy gowşak, ýygy, arterial basyşy pes, dem alşy ýüzleý we seýrek bolýar, muskullaryň dartgynlygy peselmek bilen näsag aňyny ýitirýär.

Näsaga kömek berlende ony kese ýagdaýda, kellesini bedeninden pes edip ýatyrmaly, arassa we tämiz howa geler ýaly şert döretmeli, naşatyr spirtini ysgatmaly. Sowuk suwa ezilen hasa bilen ýüzüni we boýnuny süpürmeli. Bejergi möçberlerde kordiamini, kofeini muskul içre goýbermeklige görkezme seýrek ýüze çykýar. Näsagyň çaşmagynyň öňüni almak üçin, näsag kabul edilende hirurgik bölümde we otagda ümsüm iş ýagdaýyny döretmek, geçiriljek bejergi çäresiniň öňünden ruhy-duýgurlyk dartgynlygyny aýyrmak (rahatlandyryjy dermanlar bilen taýýarlyk) bellenilýär.

**Kollaps (çaşmaklyk)** – ýiti gan-damar ýetmezçiligi, aňyň saklanmagy bilen arterial basyşyň birden peselmegi. Sallam-sajaklyk, biparhlyk, başaýlanma ýüze cykýar. Bedeniň deri örtükleri solak reňkli, ellenilende sowuk we çygly. Damar urgusy ýygy, çala bildirýän we gowşak. Arterial basyşy örän peselen, dem alşy ýüzleý.

Näsagy kese ýagdaýda ýatyrmaly we wena içre 2–5 *ml* 5%-li askorbin turşusyny, 2–3 *ml* kordiamin, 1–2 *ml* kofein garylan 20–60 *ml* glýukozanyň 40%-li erginini goýbermeli. Ýuwaşlyk bilen muskullara 1 *ml* 0,1%-li strihnin erginini goýbermek bolýar. Kalsiý hloridiniň 10%-li erginini goýbermeklik görkezilen. Geçirilen

bejergi çäreleri peýda bermedik halatynda wena içre 0,3–0,5 *ml* efedriniň 5%-li erginini ýa-da 0,5 *ml* mezatonyň 1%-li ergini garylan 20 *ml* glýukozanyň 40%-li erginini goýberýärler. Käwagtlar 1–2 *ml* noradrenalin gidrohloridiniň 0,1%-li ergini garylan 400 *ml* poliglýukin (damjalaýyn), 30–60 *mg* prednizolon goýbermeklik görkezilen. Glýukozanyň gury maddasynyň 1 *g* möçberine insuliniň 5 ölçeg birligini goýbermelidigini ýatda saklamaly. Bejergini kisloroddan dem bermek bilen geçirmeli.

**Allergiýa ýagdaýy.** Agyrysyzlandyryjy erginiň (nowokain we ş.m.) goýberilmegi netijesinde döreýän ýokary duýgurlyk ýagdaýy (allergiýa reaksiýasy) iki sany kliniki görnüşde ýüze çykýar: a) *Kwinke çişi*; b) iteşen örgüni. ***Kwinke ýellenmesi*** duýdansyz ýüze çykýar we birnäçe gün dowam edýär. Adatça, yz galdyrman doly aýrylýar. Ýellenme dilde, ýumşak kentlewükde, damakda, bokurdakda, ýüzüň ýumşak dokumalarynda döräp bilýär. Damak gözden geçirilende, dem alyş kynçylygy, kynlyk bilen sesli dem alyş, sesiniň gyryklygy we näsagyň bimazalygy (rahatsyzlygy) ýüze çykarylýar. Berilmeli kömek: deri astyna adrenaliniň 0,l %-li ergininiň 0,5 *ml*-ini, wena içre, suprastiniň 2 %-li ergininiň ýa-da dimedrolyň (difenilgidraminiň) 1%-li ergininiň ýa-da pipolfeniň 2,5%-li ergininiň 2 *ml*-ini, prednizolonyň 30 *mg* (1 *ml*-ini) goýbermeli. Näsagy allergologyň maslahatyna ugratmaly ýa-da ony çagyrmaly. Bokurdagy ýellenende tiz kömek ulagynda gulak-burun-bokurdak keselleri bölümine ugratmaly (demikme dörän ýagdaýynda emeli kekirdek desigini döretmeli – traheostoma goýmaly). ***Iteşen örgüni*** nowokain ýa-da başga ergin bilen agyrysyzlandyrma geçirilmeginiň yzysüre ýüzünde we göwresiniň deri örtüklerinde töwereginden galyp durmaýan, gijeýän gyzyl örgünler döreýär. Umumy gowuşgansyzlyk, ýürek bulanma, bimazalyk (rahatsyzlyk) bolup biler. Soňra deride pakgarçaklar emele gelýär. Berilmeli kömek: gistamine garşy serişdeleri: dimedrol, difenilgidramin, suprastin, pipolfen, diazolin, kalsiý hloridiniň 10%-li erginini sançmaly. Ýerli sink hamyryny (pastasyny) ulanmak bolar. Näsagy allergologyň ýanyna ugratmaly (şeýle hem ýatymlaýyn hirurgik stomatologik bölüme ýerleşdirmek bolar).

**Anafilaksiýa şogy.** Bu howply gaýrüzülme, köplenç, gelip çykyşy boýunça beden tarapyndan ýokary duýgurlyk esasly keseli bolan ýa-da ömür taryhynda haýsy--da bolsa bir dermana beden tarapyndan ýokary duýgurlyk jogaby bolan adamlarda, şeýle hem ýakyn garyndaşlarynda beden tarapyndan agyrlaşan ýokary duýgurlygy bolan näsaglarda ýüze çykýar.

Anafilaksiýa şogunyň adaty görnüşinde derman serişdesi (agyrysyzlandyryjy ergin) goýberileninden birnäçe wagtdan soňra näsaglarda gorky duýgusy, ynjalyksyzlygy, ýüzüniň, kellesiniň, elleriniň derisiniň jümşüldemegi we gijemegi, gulaklaryň sanjylmagy, kellagyry, der basmagy döreýär. Ýüzüniň gyzarmagynyň ýerine has beter solaklyk gelýär, tutgaýlaryň döremegi, aňyny ýitirmegi mümkin. Göreçler giňelýär we ýagtylyga täsir etmeýär. Döşüniň aňyrsynda agyrlyk duýgusy ýa-da ýürek töwereginiň ýiti agyrysy, ýüreginiň çalt urmagy, arterial basyşyň has güýçli peselmegi döreýär.

Gapyrgasty töweregindäki ýakymsyz duýgular seýrek bolmadyk ýagdaýda garyndaky sanjylýan ýaly agyrylara geçýär. Käbir näsaglarda gaýtarma, garnynyň ýellenip çişmegi duýdansyz täretiniň geçmegi we buşukmagy ýüze çykýar. Kynlyk bilen dem almakdan demikmä çenli dürli derejedäki demgysma döreýär. Anafilaksiýa şogunyň çalasyn geçýän we agyr görnüşleri gysga wagtyň dowamynda ölüme getirip bilýär. Orta agyrlyk we ýeňil görnüşlerinde ýokarda sanalan alamatlary ýüze çykaryp bolýar.

Gaýragoýulmasyz kömek berlende, ýokarky dem alyş ýollarynyň açyklygyny üpjün etmek gerek (ýürek-öýken reanimasiýasynyň esaslaryna seret). Agyrysyzlandyryjy ergin goýberilen ýere arassa görnüşde 1,0 *ml* ýa-da 5–10 *ml* natriý hloridiniň izotoniki erginine garylan 0,5 *ml* adrenaliniň 0,1%-li erginini sanjyp çykmaly. Wena içre ýa-da muskul içre gistamine garşy dermanlary (2–4 *ml* dimedrolyň 1%-li ergini, 2–3 *ml* suprastiniň 2,5%-li ergini ýa-da 2 *ml* pipolfeniň 2,5%-li ergini), gormon dermanlary (3–5 *ml* prednizolonyň 3%-li ergini) ulanýarlar. 100–120 *ml* 5%-li aminokapron turşusyny goýbermek oňat netije berýär. Bronhlaryň gysylyp daralmasy güýçlenip başlanynda 10 *ml* eufilliniň 2,4%-li erginini ýa-da 2 *ml* izadriniň 0,5%-li erginini goýbermek görkezilen. Ýürek işleýşine ýardam bermek üçin ýürek glikozidlerini we peşew çykaryjy dermanlary (0,5–1 *ml* korglýukonyň 0,06%-li ergini, 2–4 *ml* laziks) goýberýärler. Bu bejergini kislorod bilen dem berip, derman serişdeleri wena içre goýbermek bolar. Näsagyň ýagdaýynda oňatlaşma bolmasa görkezilen dermanlary gaýtadan goýbermeli. Görkezmeler boýunça ýürek-öýken reanimasiýasyny geçirýärler.

Anafilaksiýa şoguny geçiren näsaglar ýürek, böwrek, iýmit siňdiriş synalarynyň giçki gaýrüzülmeleriniň öňüni almak üçin ýöriteleşdirilen bölümde ýatymlaýyn bejergä ýerleşdirilmelidir. Gaýrüzülmeleriň öňüni almak näsagyň beden tarapyndan ýokary duýgurlyk maglumatlaryny doly we ygtybarly ýygnamakda jemlenendir.

## 4.11. BILE GEÇÝÄN KESELI BOLAN NÄSAGLARY AMAL GEÇIRMÄGE TAÝÝARLAMAK WE AGYRYSYZLANDYRMANY SAÝLAP ALMAK

Gatnaw şertlerinde işleýän hirurg-stomatologyň bile geçýän keseli bolan näsaglarda bedeniň dürli işjeňlik bozulmalaryny kadalaşdyrmak boýunça bejergi geçirmek mümkinçiligi örän azdyr. Näsagyň bedeniniň umumy ýagdaýyna dogry baha bermezlik agyz boşlugynda geçirilýän hirurgik amal wagty we amaldan soňraky döwürde agyr gaýrüzülmelere getirip biler. Şol sebäpli hem geçirilýän bejergi çäre bile geçýän keseliň ýitileşmesini döretmezligi üçin, lukman şeýle näsaglarda taýýarlyk geçirmegiň aýratynlyklaryny anyk bilmelidir. Bu näsaglarda mümkin bolan gaýrüzülmeleriň öňüni almak boýunça esasy zat – oňaýly ruhy-duýgurlyk ýagdaýynyň döredilmegidir we hirurgik amalyň agyrysyzlygydyr.

Gartaşan we garry näsaglar üçin adatdan daşary ýagdaýlarda bedeniň bozulan işjeňliginiň öwezini dolmak we uýgunlaşmak mümkinçilikleriniň peselmegi bilen ta-

pawutlanýan aýratyn ýagdaý häsiýetlidir. Bu ýürek, böwrek we beýni damarlarynyň ýagly – birleşdiriji dokuma bilen örtükleşme üýtgemeleri bilen hem baglanyşyklydyr. Gartaşan näsaglarda gan aýlanyş işjeňligi bozulan, madda alyş-çalşygy, dem alyş işjeňligi we dem alyş merkeziniň kömürturşy gazyny duýujylyk çägi peselen.

Bularyň hemmesi käbir derman serişdelerini ulanmagy, aýratyn hem gyssagly amal çärelerinde howply edýär. Beýle näsaglara rahatlandyryjy dermanlary uly bolmadyk mukdarda bellemek gerek. Fenazepam, diazepam, atropin olarda seýrek bolmadyk ýagdaýlarda biynjalyk, howsala döredýär. Amalyň öňünden derman taýýarlygy üçin morfine meňzeş serişdeleri ulanmak görkezilen däldir. Taýýarlyk üçin gistamine garşy serişdeleri – dimedrol (10 *mg*), suprastin (25 *mg*) ulanmak bolar.

Tertip boýunça amal geçirilende, rahatlandyryjy derman serişdeler bilen taýýarlygy onuň birnäçe gün öňünden bellemek görkezilen (günde 2 gezek). Amalyň öňünden näsagyň oňat ukusyny almagyny gazanmak gerek.

Amalyň howpsuz bolmagy üçin oňat agyrysyzlandyrmanyň geçirilmegi zerurdyr, sebäbi adatdan daşary gyjyndyrma bolan äň-ýüz töwereginde geçirilýän amala garşy işjeňligi üpjün edýän böwregüsti mäziň madda bölüp çykaryjylygy gartaşan we garry näsaglarda oňat saklanan. Ýerli agyrysyzlandyrma üçin pes mukdarda adrenomimetikleri goşmak bilen islendik agyrysyzlandyryjyny ulanmak bolar.

Gipertoniýa keseli bilen ejir çekýänlerde, köplenç, amaldan gorkusyna we onuň netijesine aladalanyp, hirurgik otagyň enjamlaryna arteriýa gan basyşynyň ýokarlanmagy bilen beden jogaby ýüze çykýar. Duýgy dartgynlygy näsagyň ýokary basyşly gan aýlanyş bozulmasynyň döremegine getirip biler, onuň esasynda bolsa seýrek bolmadyk halatlarda çep ýürek garynjygynyň ýiti işjeňlik bozulmasy döreýär. Şeýle hem agyry gyjyndyrmasy arteriýa basyşynyň has ýokary galmagyny döredip biler. Şol sebäpli-de, gipertoniýa keseli bolan näsaglar oňat rahatlandyryjy, käwagt bolsa, basyşyň peseldilmegini, hökmany netijeli we oňat agyrysyzlandyrmanyň geçirilmegini talap edýär.

Gipertoniýa keseli bolan näsagda gyssagly amal geçirilende, adaty bejergi mukdarlarda dibazolyň 0,5–1%-li ergini, eufilliniň 2,4%-li erginini ýa-da magniý sulfatynyň 25%-li erginini wena içre goýbermek görkezilen. Amalyň öňünden derman taýýarlygy üçin rahatlandyryjy serişdeleri, gistamine garşy dermanlary, agyry aýryjylary ulanmak gerek. Kähalatlarda bu serişdeler sanjylandan soňra arterial gan basyşy islenilýän oňaýly derejä çenli peselýär.

Ýerli agyrysyzlandyrma geçirilende, damar daraldyjy dermanlary ulanmaga garşy görkezme ýoklugyna garamazdan, olary ulanmazdan ýa-da örän az mukdarda ulanyp, oňat agyrysyzlandyryjy täsiri bolan erginleri (trimekain, lidokain) ulanmak maksadalaýykdyr. Tertip boýunça geçiriljek amallardan öňünçä esasy keseli boýunça terapewt lukmanyň bejergisini almak görkezilen.

Ýürek ýetmezçiligi we ýüregiň gan ýetmezçilik keseli bolan näsaglarda ýüregiň gan damarynyň ýiti bozulma howpunyň öňüni almak gerek. Munuň ýaly näsag-

larda amalyň öňünden oňat rahatlandyryjy taýýarlyk geçirilmelidir. Gistamine garşy serişdeleri (suprastin, diazolin) ulanmak görkezilen. Amal geçirilmezinden öň, bu bile geçýän keseliň gaýrüzülmesiniň öňüni almak maksady bilen ýürek damarlaryny giňeldiji dermanlary ulanýarlar (walidol, nitrogliserin diliň aşagyna, papaweriniň gidrohloridiniň 2%-li ergininiň 1–2 *ml*-ni muskul içre). Bu näsaglarda diastola basyşyny peseltmezlik örän wajypdyr, sebäbi çep garynjygyň muskulynyň gan üpjünçiligi ýürek ýygrylmasynyň diastola döwründe amala aşýar. Agyrysyzlandyrmanyň netijeliliginiň uly ähmiýeti bardyr. Şu sebäpli hem agyrysyzlandyryjy erginine adaty mukdarda adrenalin garylyp bilner we bu agyrysyzlandyrmany has güýçlendirýär. Mundan başga-da, adrenalin ýürek damarlaryny giňeldýär we ýüregiň duýgurlylygyny, ýygrylma ukybyny, bir gezekki ýygrylma göwrümini artdyrýar. Geçirilýän amaly kislorod bilen dem bermek ýagdaýynda amala aşyrmak has gowudyr.

Ýüregiň ýolugan kemisliligi bolan näsaglarda äň-ýüz töwereginde amal geçirilmezinden öňünçä ýürek glikozidleri (strofantin ýa-da korglýukon) bilen daýandyryjy bejergi tapgyryny geçirmek maksadalaýykdyr. Şeýle hem ýüregiň guragyry netijesinde dörän şikeslerinde näsaglarda bildirip duran gan aýlanyş ýetmezçiliginiň alamatlarynyň barlygy bilen birhatarda böwregüsti mäzleriň işjeňliginiň ýetmezçiliginiň barlygy hem ýüze çykarylan. Bu näsaglaryň glukokortikoid dermanlar bilen amal geçirmäge taýýarlygyny amala aşyrmak amal wagtyndaky dartgynly ruhy-duýgurlyk ýagdaý bilen döräp biljek gan aýlanyşygyň uýgunlaşmasyz bozulma howpunyň döremeginiň öňüni alýar. Ýürek-damar işjeňliginiň kadalaşmagyna rahatlandyryjy we gistamine garşy dermanlary ulanmak ýardam edýär.

Amal geçirilmeginiň öňüsyrasynda gijesine uky dermanyny ulanmak görkezilen (tertip boýunça amal geçirilmeli näsaglarda). Ýerli agyrysyzlandyrmany oňat geçirmek üçin amal geçirilmezinden öň we amal wagty kislorod bilen dem bermek hökmandyr.

Öýken emfizemasynda we pnewmosklerozynda öýkeniň ýaşaýyş göwrümi we dem alyş-gan aýlanyş gatnaşygy peselen. Bu ýagdaý ganda kislorodyň azalmagyna we kömürturşy gazynyň artmagyna getirýär. Hirurgik stomatologik amalyň öňünden öýken emfizemasy bolan näsaglara bronhlaryň geçirijiligini we gaz alyş-çalşygynyň şertlerini gowulandyrmak üçin degişli derman otlaryň demlemesini, teofillin, eufillin, ýod dermanlaryny bellemek gerek. Geçiriljek amala taýýarlyk görnüşinde rahatlandyryjy we gistamine garşy dermanlary ulanmak bolar. Amalyň öňünden 5–10 *ml* eufilliniň 2,4%-li erginini wena içre goýbermek maksadalaýykdyr. Barbituratlar toparyndan bolan uky dermanlary, narkotiki agyry aýryjylary ulanmak görkezilen däldir.

Bronh demgysmasynyň döremeginiň sebäpleri beden tarapyndan ýokary duýgurlyk we ýokançlar görnüşindäki düzüjiler bolan keseldir. Bronh demgysmasy bolan näsaglarda agyrysyzlandyrma howatyrlylygy artýar, sebäbi hem olar beden

tarapyndan ýokary duýgurlyk taryhy agyrlaşan topara degişli edilýär. Mundan başga-da, olarda bronhlaryň we bronhiollaryň içiniň daralmagy, muskul ýygrylmasy we sogaşyk suwuklygyň ýygnanmagy netijesinde dem alyş ýollaryň howa geçirijiligi üýtgän bolýar.

Şu sebäpli hem tertip boýunça amal geçirilmeli näsaglarda taýýarlyk geçirmezden, amal geçirmek bolmaýar. Taýýarlyk bronh giňeldiji dermanlary ulanmakda jemlenendir (mezatonyň uzuprel ýa-da alupent bilen aerozoly, bir gije-gündiziň dowamynda 4-6 gezek 5 *mg* efedrin, wena içre 10 *ml* 2,4%-li eufillin ergini, berk görkezmeler boýunça – kortikosteroid gormon serişdeler). Gyssagly amal geçirilende, munuň ýaly taýýarlyk geçirmek mümkin däl. 10-20 *mg* seduksen we azyndan 0,6--1,0 *ml* atropin sulfat, bejergi mukdarlarda suprastin we eufillin goýbermeklik görkezilen. Kähalatlarda aýratyn görkezmeler boýunça prednizolon (1-2 *ml*), *β*-adrenoergik reseptorlara ýardam edýän dermanlaryň (1-2 *ml* 0,05%-li alupent ergini) sanjymyny geçirýärler. Dem alyş merkezini basýan serişdeleri bellemek görkezilen däldir. Kislorod bilen dem bermegi geçirmek oňat bolýar. Beden tarapyndan agyrlaşan ýokary duýgurlygyny göz öňünde tutup, ýerli agyrysyzlandyrmada adrenalini adaty mukdarda garmak bilen trimekain ýa-da lidokain ulanmak gerek.

Süýjüli diabet keselinde şeker we ýag alyş-çalşygy bozulan. Her bir süýjüli diabet keseli bolan näsag, eger-de onda gyssagly amal geçirmek görkezilmedik bolsa, kadalaşdyryjy bejergini almalydyr. Munuň üçin, adatça, ýönekeý insulin ulanýarlar. Gandaky şekeriň pes derejesi onuň aram ýokary derejesinden hem howpludyr. Muny göz öňünde tutmak bilen gandaky şekeriň derejesini 6,66-7,77 *mmol/l* (120-140 *mg%*) çenli peseltmek oňat diýlip hasaplanylýar. Eger-de gandaky şekeriň derejesi 8,32 *mmol/l* (150 *mg%*) ýokary bolsa, onda şekeriň her artykmaç 2,77 *mmol/l* (50 *mg%*) möçberine her 8 sagatdan 10*B* insulin goýbermek görkezilen. Insuliniň mukdaryny şekeriň peşewdäki derejesi boýunça hem hasaplamak bolar. Peşewde şekeriň derejesi 2%-den geçse, 20*B*, 1-2%-li 15*B*, 0,5-1%-li 10*B*, insulini her 4-8 *sa*gatdan goýbermek görkezilen. Amalyň 1-1,5 *sag* öňünden 1 *g* glýukoza 1*B* insulin hasabyndan ýokary mukdarly glýukozany wena içre goýbermek gerek.

Süýjüli diabet keseli bolan näsaglarda neşe derman serişdelerine, şeýle hem neýroleptiklere we ganglioblokatorlara ýokary duýgurlyk ýüze çykýar we olar dem alşy basyp bilýärler. Bu näsaglar üçin amala taýýarlyk görnüşinde rahatlandyryjy we gistamine garşy dermanlary (suprastin) ulanylsa, gowy bolýar. Ýatymlaýyn bejergi şertlerinde promedol we atropin ulanmak bolýar. Süýjüli diabet keseli bolan näsagy amala taýýarlamak endokrinolog lukmanyň gatnaşmagynda geçirilse oňat bolar.

Ýerli agyrysyzlandyryjynyň düzümindäki adrenalin gandaky şekeriň derejesine düýpli täsir etmeýär.

Tireotoksikozda galkanşekilli mäziň işjeňligi güýçlenen. Galkanşekilli mäziň gormony bolan tiroksin protein alyş-çalşygyna täsir edýär. Ol ýürek-damar we

merkezi nerw ulgamynyň, bagryň zäherli zeperlenmesini döredip bilýär. Tireotoksikozda bagryň protein we glikogen emele getiriş, zäherlenmä garşy we tegmil alyş-çalyş işjenligi bozulýar. Bu keselde bedeniň esasy alyş-çalşygy 150–200%-e çenli ýokarlanan.

Tireotoksikozyň ýeňil derejesi bolan näsaglar ýörite taýýarlyga mätäç däldirler. Keseliň orta agyr we agyr görnüşlerinde 6-8 günüň dowamynda ýoduň ujypsyzja mukdarlary bilen, merkazolin bilen taýýarlyk geçirmek görkezilendir. Köşeşdiriji dermanlary, C, $B_1$, $B_6$, $B_{12}$, P – witaminleri bellemek hökmandyr. Bu näsaglarda böwregüsti mäzleriň we aşgazanasty mäziň insulin bölüp çykaryjylyk işjeňligi peselendigi sebäpli glýukokortikoid serişdeler, insulin bilen bejergi geçirmek göz öňünde tutulmalydyr. Bagryň işjeňligini gowulandyrmak üçin lipokain 0,3 *g* günde 2 gezek, metionin 1 *g* günde 3 gezek, insulin bilen bilelikde glýukozanyň 40%-li ergini bellenilýär. Simpatiki nerw ulgamynyň dartgynlygyny peseltmek üçin günde 3 gezek 0,1 *mg* rezerpin, serpazil, kähalatlarda bolsa has güýçli ganglioblokatorlar (geksoniý, gigroniý, pentamin) ulanylýar. Ýüregiň ýygrylma işjeňligi we ýüregiň gan zyňşy peselende, ýürek glikozidleri bilen taýýarlyk geçirmek görkezilendir.

Munuň ýaly taýýarlyk diňe tertip boýunça amal geçirilmekçi bolnanda we terapewt ýa-da endokrinolog lukmanyň gatnaşmagynda amala aşyrylyp bilner.

Gyssagly amal geçirilmeli ýagdaýynda amalyň 45-60 *min* öňünden gistamine garşy, narkotiki serişdeler we agyry aýryjy dermanlar, ýokary mukdarlarda rahatlandyryjy serişdeler ulanmak gerek (10-15 *mg* droperidol, 50 *mg* pipolfen, 40 *mg* promedol, 0,5-1 *mg* analgin). Tireotoksikozda ganyň syworotkasynyň holinesteraz işjeňligi peselenligi sebäpli geçirilýän agyrysyzlandyrma ýeterlik derejede bolmalydyr. Nowokainiň dargamaklygy saklanýar we onuň zäherliligi artýar, şu sebäpli hem ony az mukdarda ulanmak gerek.

Hirurg stomatologyň amaly işinde bagrynyň işjeňligi bozulanlar: üznüksiz gepatit, bagryň alkogol sirrozy, seýrek halatlarda mehaniki sary getirmeli näsaglar duş gelip biler.

Uly bolmadyk amallar hiç bir taýýarlyksyz geçirilip bilner. Derman taýýarlygy üçin bagryň gan aýlanyşygyna oňaýsyz täsir etmeýän serişdeler bolan, rahatlandyryjy ulanylsa, gowudyr. Amid toparyna degişli bolan ýerli agyrysyzlandyryjylaryň (trimekain, lidokain) bagyr tarapyndan alyş-çalyş hadysalar netijesinde dargadylýandyklaryny ýatda saklamaly. Efir toparyndan bolan agyrysyzlandyryjylaryň (nowokain) bagyrda, gan aýrylanda we gönüden-göni sanjylan ýerleriň dokumalarynda suw esasynda geçýän alyş-çalyş hadysalar netijesinde dargaýarlar. Şu sebäpli-de bagryň işjeňliginiň bozulmalarynda iň az zäherli serişde hökmünde nowokaini ulanmak gerek. Emma sanjylan nowokainiň mukdary mümkin boldugyça az bolmalydyr we onuň gan aýlanyşygyna düşmegi haýal geçmelidir. Şu sebäpli hem ýerli agyrysyzlandyrma geçirilende, nowokaini adrenalin bilen ulanylmak oňat netijeler berýär.

Tertip boýunça geçirilýän amallarda bile geçýän keseliň kadalaşdyrylmagy terapewt lukmanyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar.

Alkogolly içgilerden köp peýdalanýan adamlar seýrek bolmadyk halatlarda bagyr sirrozyndan we alkogolly gepatitinden, ýüreginiň ulalmasyndan, öýken damarlarynyň ýokary gan basyşyndan ejir çekýärler. Derman taýýarlygy üçin rahatlandyryjy serişdäni droperidol bilen utgaşdyryp, bejergi mukdarlarda atropini ulanmak bolar. Ýerli agyrysyzlandyryjy saýlanylyp alnanda bagyr keseli bolan näsaglar üçin görkezmeleri gollanmak gerek. Alkogolly içgileri köp peýdalanýanlarda ýerli agyrysyzlandyrmanyň netijeliliginiň pesligini amaly iş görkezýär. Bu bedeniň üznüksiz alkogol zäherlenmesi ýagdaýynda maddalaryň alyş-çalyş hadysalarynyň aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr.

Üznüksiz böwrek ýetmezçiligi bedeniň suw-duz deňagramlylygynyň bozulmagy, ganazlyk, ýokary arteriýa-gan basyşy bilen bile geçip bilýär. Böwrek keselli näsaglaryň derman taýýarlygy agyrysyzlyk ynamyny döretmeklige, rahatlandyryjy we azaşan nerwiň işjeňligini peseltmegi gazanmaklyga gönükdirilen. Derman taýýarlygy üçin rahatlandyryjylar, droperidol, atropin, kähalatlarda bolsa bejergi mukdarlarda fentanil, promedol ulanmak bolýar.

Hirurg-stomatolog bile geçýän keseli bolan näsaglary tertip boýunça geçirilýän amallara taýýarlanda degişli hünärmenler bilen hökman maslahatlaşmalydyr, olar bolsa gerek bolan taýýarlyk bejergini hünärmenlik bilen geçirerler. Stomatolog-lukman gyssagly amallarda gaýragoýulmasyz kömek bermekligiň talaplaryna esaslanyp, özbaşdak karara gelýär we kynçylyk çeken ýagdaýynda ugur görkeziji edebiýatdan peýdalanýar.

Beden tarapyndan agyrlaşan ýokary duýgurlyk (allergiýa) ýagdaýy bolan näsaglara çemeleşmek meselesi. Stomatologiýa merkeziniň ýa-da Saglyk öýüniň şertlerinde beden tarapyndan ýokary duýgurlylygyň gaýrüzülmeleriň öňüni almagyň esasy – bu näsagyň ömrüniň (şol sanda beden tarapyndan ýokary duýgurlyk ýagdaýlary barada hem) taryhynyň maglumatlarynyň ygtybarly ýygnalmagydyr we olaryň derňewidir.

Hemme näsaglary iki topara bölýärler: 1) beden tarapyndan allergiýa bolmadyklar we 2) beden tarapyndan agyrlaşan allergiýa bolanlar.

Näsaglaryň birinji topary howatyrly topara girmeýär, ikinji toparyň näsaglary bolsa aýratyn üns berilmegini talap edýär. Ikinji toparyň näsaglaryny derman anafilaksiýa şogunyň döremeklik howpunyň degişli derejeler boýunça üç topara bölmek bolýar:

– *I derejeli howatyrly näsaglar* – ömür taryhynda dermanlara garşy beden tarapyndan allergiýa bolmadyk, emma ýokanç-beden allergiýa keseli bolan (ekzema, rewmatizm, bronh demgysmasy, kollagenozlar, pollinozlar) adamlar. Anafilaksiýa şogunyň öňüni almak üçin olarda yzygiderlilikde deri sypjyryk, deri içre anyklaýyş barlaglaryny geçirmek gerek. Barlaglar netijesiz bolanda derman serişdelerini bejergi mukdarlarda goýbermek gerek;

– *II derejeli howatyrly näsaglar* – käbir dermanlara beden tarapyndan allergiýa, allergiýanyň ýeňil görnüşi bolan we käbir iýmit önümlerine hem-de durmuş himiýa serişdelerine beden tarapyndan allergiýa bilen ejir çekýän adamlar. Olarda yzygiderlilikde damja, deri sypjyryk, deri içre anyklaýyş barlaglaryny geçirmek gerek. Barlaglar netijesiz bolanda derman serişdelerini bejergi mukdarlarynda goýbermek gerek.

– *III derejeli howatyrly näsaglar* – köp dermanlary ulanmak bolmaýan ýa-da beden tarapyndan agyr allergiýa bolan adamlar. Barlamaklygy immunologik seljeriş barlaglaryny (leýkolizis barlagy, ganyň ak öýjükleriniň aglomerasiýa barlagy, bulut şekilli öýjükleriň zaýalanmasynyň göni däl barlagy, bazofil barlagy we ş.m.) geçirmekden başlaýarlar. Soňra II derejeli howatyrly näsaglardaky ýaly yzygiderlilikde anyklaýyş barlaglaryny geçirýärler.

Anyklaýyş barlaglary Stomatologiýa merkezinde, Saglyk öýünde ýa-da ýatymlaýyn bejergi bölüminde geçirilip bilner. Munda döräp biljek (aýratyn hem deri içre barlagda) anafilaksiýa şoguna garşy gerek serişdeleriň hemmesi göz öňünde tutulan bolmalydyr. Ömür taryhynda ýerli agyrysyzlandyryja beden tarapyndan allergiýa bolan näsaglar allergolog lukmana maslahata ugradylsa, ýerlikli bolar. Beden tarapyndan agyrlaşan allergiýa bolan näsaglarda efir toparyndan bolan ýerli agyrysyzlandyryjylary (nowokain) gowusy ulanmazlykdyr. Stomatologik näsaglarda ýerli agyrysyzlandyryjylara beden tarapyndan allergiýasy bolan halatynda bihuş etmek saýlap alma agyrysyzlandyrma usulydyr.

Beden tarapyndan allergiýa jogaby mümkin bolan serişde ulanmak gerek bolanda gistamine garşy we steroid dermanlar bilen 2–3 günüň dowamynda öňüni alyş bejergi geçirmek gerek.

Ilkinji nobatda dermanlara işjeň bolan mediatorlaryň öýjüklerden çykmaklygyna päsgelçilik döredýän hem-de $H_1$– we $H_2$ reseptorlary baglaýan (ketotifen, simetidin, fenkarol) gistamine garşy işjeňligi bolan serişdeler ulanylsa, oňat bolýar. 0,1 *g/kg* mukdarda ulanylýan epsilon-aminokapron turşusynyň bedeniň allergiýa jogabyna garşy täsiri bar. Gije-gündiziň dowamyndaky mukdary 15–16 *g* bir bejergi tapgyrynda 45–80 *g*. Ganyň lagtalanma ukybynyň barlagy hökmandyr.

# V BAP ÄŇLERIŇ ÖÝJÜKLI ÖSÜNTGISINDÄKI AMALLAR

Stomatologiýa merkezinde, Saglyk öýünde, şeýle hem ýatymlaýyn bejergi geçirilýän hassahanada tertip boýunça geçiriljek amalyň öňünden dişleriň we kökleriň bejergisini, adaty usullar bilen bejerip bolmaýanlarynyň sogrulmagyny özünde jemleýän agyz boşlugynyň sagdynlaşdyrmasyny geçirýärler. Ýerli çärelerden başga-da, näsagyň öňünde duran amala ruhy taýýarlygyny geçirýärler. Gelýän adamlara eşik çykarylýan ýerden we bellik edilýän ýerden başlanan hyzmat etmekligiň ýokary medeniýeti olaryň işgärlere ynamyny döredýär. Otaglaryň ýaramaz arassaçylyk ýagdaýy, sussupeslik we işdäki hallaň-sallaňlyk näsagyň aňyna oňaýsyz täsir edýär. Näsagyň ruhy taýýarlygynda aýratyn orun lukmanyň özüni alyp barşyna degişlidir. Islendik amal, şol sanda diş sogurmaklyk hem, näsagy howatyrlandyrýar, käbir ýagdaýlarda bolsa gorkuzýar. Şonuň üçin hem näsaga geljekki amalyň häsiýeti barada düşündirmek gerek, häzirki zaman ýerli we umumy agyrysyzlandyrma usullarynyň mümkinçilikleri we netijeliligi barada gürrüň bermeli. Amalyň öňünden gorky duýgulary bolan durnuksyz nerw ulgamly näsaglara rahatlandyryjy taýýarlyk geçirmek gerek: amaldan 45–50 *min* öň 1 *gerdejik* rahatlandyryjy bilen.

Gatnaw bejergi şertlerinde geçirilýän amalyň gönüden-göni öňünden agyz boşlugyny sanjawaç bilen ýuwmak maksadalaýykdyr. Agyz boşlugyny kaliý permanganatynyň (1:5000) ýa-da furasiliniň (1:5000) erginleri bilen ýuwýarlar. Zyýansyzlandyryjy erginler bilen dişleriň aralaryndaky iýmit galyndylary we sogaşyk nemi ýuwup aýyrýarlar.

Ýüzüň derisini amala taýýarlamaklygy 70%-li etil spirti we ýoduň 2%-li ergini ýa-da lýugolyň 5%-li erginini (aýallarda we çagalarda) çalmak bilen geçirýärler. Amaldan soňraky boşluklary, köplenç, kseroformly hasa bilen doldurýarlar. Ini 0,5–2 *sm* bolan hasa peltelerine gliserin garylan kseroformyň efirdäki erginini siňdirýärler: 100 *g* kseroformly hasa taýýarlamak üçin aşakdakylar gerek: kseroform 5 *g*, gliserin 5 *g*, etil spirti 100 *g*, efir 200 *g*.

Hirurgik stomatologik näsaglara amaldan soňraky döwürde seretmegiň aýratynlyklary esasy we bile geçýän keseliniň, amalyň häsiýeti, onuň dowamlylygy we agyrysyzlandyrma görnüşi bilen kesgitlenilýär.

Amal gan saklamaklygyň ýeterlik bolmazlygy netijesinde döreýän ýaranyň gan akmasy bilen gaýrüzülip bilner. Şeyle ýagdaýda ýaranyň barlagyny geçirýärler.

Aşgazana gan düşmegi, şeýle hem narkotiki serişdeleriň täsiri netijesinde amaldan soňra ilkinji sagatlarda gaýtarmak ýüze çykýar. Gusuk maddalar bilen dem alyş ýollaryň dykylmasynyň bolmazlygy üçin näsag bihuş etmekden soň gönüden-göni birnäçe sagadyň dowamynda düşeginde ýassyksyz, kellesi gapdala öwrülen ýagdaýda, gözegçilikde ýatmalydyr.

Bihuş etmeklik, geçirilýän amal, öýkeniň dem alyş hereketleriniň bozulmagy öýken gaýrüzülmeleriniň, dem alyş ýollarynyň dykylmasyna, haýal we gowşak dem almak netijesindäki öýken çişme keseliniň döremegine getirýärler. Şunuň ýaly gaýrüzülmeleriň öňüni almak üçin amalyň yzysüre otagda näsagyň bedeniniň endigan ýyladylmagyny üpjün etmeli. Ertesi gün näsagy galdyrylan ýagdaýa getirmeli, günde 5 gezek 1–2 minutlyk dem alyş maşklaryny geçirmeli (5–10 gezek öýken bilen uludan dem almak we goýbermek). Uludan dem alnanda elleriňi egin bogunlarynyň deňliginde gapdala uzatmak bilen utgaşdyrmak, soňra bolsa uludan dem goýberip, elleriňi döşe getirmek maksadalaýykdyr.

Umumy agyrysyzlandyrma bilen geçirilýän uzak wagtly amallardan soňky döwürde näsagyň buşukmasy bozulyp we içiniň gatamagy mümkin. Bedeniň bu wajyp hajatlary kadalaşdyrylmalydyr.

Zyýansyzlandyryjy, ys aýryjy erginler (furasilin, kaliniň permanganaty) bilen oňat ýuwmak arkaly geçirilýän agyz boşlugynyň päkizelik taýdan arassaçylygy amaldan soňky näsaglara, ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we süňkleriniň zeperlenmesi bolanlara seretmegiň esasy bolup durýar.

## 5.1. DIŞ SOGURMAK

### 5.1.1. Diş sogurmaga bolan görkezmeler we garşy görkezmeler

Hemişelik dişleri sogurmak gaýragoýulmasyz, sagdynlaşdyrma, emeli diş gurnama salmak we owadanlyk görkezmeler boýunça amala aşyrylýar. Gaýragoýulmasyz görkezmeler boýunça dişi sogurmaklygy soňa goýman amala aşyrýarlar, sebäbi amaly yza çekmek çişme keseliň güýçlenmegine we näsagyň umumy ýagdaýynyň erbetleşmegine getirip biler. Bu topar görkezmelere diş sebäpli osteomiýelitde, ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli çişmesiniň ýiti döwründe ol diş ýokanjyň girelgesi bolup duran ýagdaýlary degişlidir. Şeýle hem diş sebäpli absseside we flegmonada, iriňli limfadenitde, diş sebäpli periostitde ýokanjyň başlangyjy bolan dişler sogrulmalydyr.

Diňe käbir ýagdaýlarda, çişme kesellerde işjeňlik we owadanlyk görkezmeleri boýunça, haçanda adaty ýol bilen äňdäki ýokanç ojagy oňat ýuwlup durulýan ýagdaýynda sebäpkär diş saklanylyp bilner. Agyz boşlugynyň üznüksiz çişme keseliniň we zäherlenmesiniň sebäbi bolan iriňli deşikleriň döremegine getirýän dişler hökman sogrulmalydyr.

Sagdynlaşdyrma görkezmeleri boýunça dişleriň we kökleriň sogrulmagy aşakdaky kesellerde we ýagdaýlarda geçirilýär: 1) üznüksiz periodontitde, şol sanda ýitileşen ýagdaýynda hem, haçanda adaty ýa-da amal bejergi netijesiz bolanda we dişiň täjiniň has köp bölegi döwlüp, ony gazykly emeli diş gurnama üçin ulanyp bolmadyk ýagdaýynda; 2) üçünji uly azynyň ýiti ýa-da üznüksiz pulpidinde, haçanda onuň täjiniň köp bölegi döwlende ýa-da onuň ýalňyş ýerleşmesinde; 3) üçünji aşaky uly azy kynlyk bilen çykanda; 4) diş agyrylaryň we çişme keselleriň sebäbi bolan çykmadyk we nädogry ýerleşen dişler; 5) dişiň III derejeli yrgyldysy bolan dişýany dokumalaryň kesellerinde; 6) aktinomikoz ýa-da inçekesel ojaklary bilen baglanyşykly dişleriň bolmagy.

Emeli diş gurnama salmak we owadanlyk görkezmeler boýunça ortodontiýa bejergi mümkin bolmadyk: dişleýiş tekizligi düzlemek üçin has çykyp duran dişleri, diş hatarynyň daşyndaky gyşaran, daşlaşan we goşalanan dişleri sogurýarlar.

Diş sogurmaklyga bolan garşy görkezmeler umumy we ýerli bolup biler. Umumy garşy görkezmeler aşakdakylardan ybaratdyr: 1) lagtalanma hadysasy bozulan gan keselleri (gemofiliýa, leýkemiýa, gemorragiki diatezler, anemiýalar); 2) ýürek-damar ulgamynyň keselleri (ýürek muskulynyň infarkty, ýüregiň uýgunlaşmasyz doga ýa-da soňra dörän şikesi, dartgynly gipertoniýa ýagdaý bilen gaýrüzülen gipertoniýa keseli we ş.m.); 3) ýokanç keseller; 4) nerw ulgamynyň keselleri.

Diş sogurmak beýni gan inmesiniň ýiti döwründe, beýni bardasynyň we beýniniň çişme kesellerinde, uýgunlaşmasyz döwründe bolan beýni çişi, kelle-beýni şikesinde, esasan hem, kelle beýnä gan inenligine müňkürlikde, ruhy keselleriň ýitileşen döwründe garşy görkezilendir. Aýbaşy döwründe hem dişleri sogurmak maslahat berilmeýär. Göwrelilik döwründe, esasan hem, onuň 3 aýa çenli we 7 aýdan soňky döwürlerinde diş sogruljak mahaly, aýal lukmany bilen maslahatlaşmak maksadalaýykdyr.

Dişleri sogurmaga bolan ýerli garşy görkezmeler agyz boşlugyndaky başly çüýreme keseller, äňleriň öýjükli ösüntgisiniň howply çişleriniň barlygy bolup durýarlar. Amal geçiriljek ýerde şöhle bejergisi geçirilýän wagty dişleri sogurmaly däldir.

### 5.1.2. Diş sogurmagyň usuly

Diş sogurmak diş öýjüginiň süňk diwary bilen köki birleşdirýän ýumşak dokumalaryň öňünçä ýyrtylmagyna, soňra ony öýjüginden çykarmaga gönükdirilen amaldyr.

Diş sogurmak amalyna girişmezden ozal dişleriň we öýjükli ösüntginiň gurluşy barada aýdyň düşünje bolmalydyr: diş öýjüginiň süňk diwarlarynyň galyňlygy we berkligi, kökleriň ugry we uzynlygy, kökara perdäniň ýagdaýy. Diş öýjüginiň diwarlarynyň berkligi ýiti iriňli periodontitde we äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň ýiti döwründe peselendir.

Diş sogurmak üçin ýörite atagzylary we gaňyrgaçlary ulanýarlar. Atagzylar dişleriň täçlerini ýa-da köklerini tutmak üçin niýetlenen gysaçlardan, atagzyny tutmak üçin tutawaçlardan, atagzynyň iki bölegini birleşdirýän petleden ybaratdyr (*37-nji surat*).




*37-nji surat.* Diş sogurmak üçin atagzy:
1 – gysaçlar; 2 – petle; 3 – tutawaçlar



*a*) *b*) *ç*) *d*) *e*)

*38-nji a, b, ç, d, e suratlar.* Ýokarky dişleri sogurmak üçin atagzylar:
*a* – alyn we gyýak dişler üçin; *b* – kiçi azylar üçin; *ç* – sag tarap uly azylar üçin;
*d* – çep tarap uly azylar üçin; *e* – 3-nji uly azy üçin



*a*) *b*) *ç*) *d*)

*39-njy a, b, ç, d suratlar.* Aşaky dişleri sogurmak üçin atagzylar:
*a* – alyn dişler üçin; *b* – gyýak we kiçi azylar üçin; *ç* –uly azylar üçin («gapyrgalaryň» ugry boýunça egreldilen, çüňk görnüşli); *d* –uly azylar, şol sanda 3-nji uly azy üçin

Diş toparlaryna baglylykda dürli atagzylar ulanylýar: ýokarky we aşaky dişleri sogurmak üçin; alyn we gyýak, kiçi azy, uly azy dişleri sogurmak üçin; iki tarapyň hem ýa-da bellibir tarapyň (sag, çep) dişlerini sogurmak üçin (*38-nji a, b, ç, d, e; 39-njy a, b, ç, d suratlar*). Gaňyrgaçlar hem diş sogurmak üçin niýetlenen atagzylar ýaly işledilýän uç böleginden, birleşdiriji aralyk böleginden we tutawaçdan ybarat

bolup durýar. Gaňyrgaçlaryň arasynda göni we burç boýunça egreldilen görnüşleri has köp ulanylýar (*40-njy a,b,ç suratlar*). Gazyk şekilli gaňyrgaç aşaky üçünji azyny sogurmak üçin ulanylýar.



*a*) *b*) *ç*)

*40-njy a, b, ç suratlar.* Diş gaňyrgaçlary:
*a* – göni; *b* – egri (aşaky dişleriň kökleri üçin); *ç* – gazyk şekilli

Dişler sogrulanda atagzy, adatça, *sag* elde saklanýar. Birinji barmak atagzynyň tutawaçlarynyň arasynda petlä ýakyn ýerleşdirilýär; atagzyny hereketlendirýän IV barmak tutawaçlaryň arasynda ýerleşýär. Atagzy goýlandan soňra IV barmagy başlangyç ýagdaýyndan aýyrýarlar we atagzyny hemme barmaklar bilen tutýarlar (*41-nji a, b suratlar*).



*a*) *b*)

*41-nji a, b suratlar.* Atagzyny saklamagyň usullary:
*a* – tekizlik boýunça egreldileni;
*b* – çüňk görnüşlini («gapyrgalaryň» ugry boýunça egreldilen)

Gaňyrgaçlary ulanmagyň usuly hemme dişler üçin birmeňzeşdir. Gaňyrgajyň ujuny, onuň düz ýa-da aýlaw çöketli ýüzüni hemişe sogrulýan köke tarap edip, kök bilen diş öýjüginiň arasyna girizýärler. Burç boýunça egreldilen gaňyrgaçlary aşaky uly azylaryň köklerini sogurmak üçin ulanýarlar. Gaňyrgajy sogrulan kökleriň biriniň boş öýjügine girizýärler. Guraly towlap gaňyrmak bilen kökara süňk perdäni aýyrýarlar we dişiň ikinji köküni sogurýarlar (*42-nji a, b*, *43-nji suratlar*).

Dişi sogurmak birnäçe pursatlardan ybaratdyr: diş etini serpmek, atagzyny goýmak, süýşürmek we gysmak, dişi yrgyldatmak (iki tarapa, okunyň daşynda), dişi öýjüginden çykarmak (*44-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar*).

Diş etini serpmegi diş petiklenilýän ýylmaýjy bilen geçirmek has amatlydyr. Atagzy goýlanda, lukman atagzynyň gysaçlarynyň okunyň dişiň oky bilen gabat gelmegine üns bermelidir (*45-nji a,b suratlar*). Bu düzgüni berjaý etmezlik diş yrgyldadylýan wagty onuň köküniň döwülmegine getirýär. Atagzy dogry goýlanyndan soňra onuň gysaçlaryny dişiň oky boýunça diş etiniň aşagyna salýarlar. Soňra

güýç bilen basyp, has çuňňur kök bilen süňk diş öýjüginiň aralaryna girizýärler. Ondan soňra atagzyny gysýarlar. Atagzyny has güýçli gysmaly däl, esasan-da, dişiň täjinde uly çüýrük (karies) boşlugy bolanda seresaply bolmaly.



*a*) *b*)

*42-nji a, b suratlar.* Göni (*a*) we gazyk şekilli (*b*) gaňyrgajyň lukmanyň elinde saklanyşy



*43-nji surat.* Göni gaňyrgaç bilen ýokarky dişiň köküni sogurmagyň aýry-aýry pursatlary



*a*) *b*) *ç*) *d*) *e*) *ä*)

*44-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar.* Diş sogurmagyň yzygiderli pursatlary: *a* – atagzyny goýmak; *b* – süýşürmek; *ç* – gysmak; *d, e* – dişi yrgyldatmak (*d* – iki tarapa ýaýkap; *e* – okunyň daşynda towlap); *ä* – dişi öýjüginden çykarmak

Dişi yrgyldatmak iki tarapa ýaýkamak ýa-da okunyň daşynda towlamak arkaly amala aşyrylýar. Amalyň bu pursadynyň maksady – dişiň bagjyklaryny üzüp, onuň garşylygyny ýeňip geçmek. Towlama hereketler, dişi okunyň daşynda 30° towlamak guýguç şekilli bir kökli dişlerde mümkin. Ähli başga ýagdaýlarda çaýkama, diş öýjüginiň ýuka süňk diwary bolan we onuň bilen kesgitlenilýän

has gowşak berkligi bolan tarapa, az garşylyk bolan tarapa ýaýkamak geçirilýär.

Diş öýjüginden doly yrgyldadylyp çykarylandan soňra, ýagny ol saklaýan ähli dokumalardan boşandan soň, çekip alýarlar. Täze işe başlaýan hirurg stomatologlaryň seýrek bolmadyk ýalňyşlarynyň biri-de – diş sogrulanda olaryň has köp güýç ulanmaklarydyr. Bu gapdalyndaky dişleriň we gurşap alan ýumşak dokumalaryň, şeýle hem garşylyklaýyn äňiň dişleriniň şikesine getirip biler.



*a)* *b)*

*45-nji a, b suratlar.* Atagzyny goýmaklyk: *a* – nädogry; *b* – dogry

### 5.1.3. Aýry-aýry topar dişleri sogurmagyň aýratynlyklary

Ýokarky äňiň dişleri sogrulanda, oturgyjyň arkasyny yza gyşardýarlar, oturgyjy ýokaryk galdyrýarlar, näsagyň kellesini kellegoýulýana ýerleşdirýärler. Sogrulýan diş, takmynan, lukmanyň egin bogny bilen birderejede bolmaly. Lukman näsagyň öňünde we *sag* tarapynda durýar hem-de çep eliniň barmaklary bilen sogrulýan dişiň ýerinde öýjükli ösüntgini saklap durýar (*46-njy a,b,ç suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*46-njy a, b, ç suratlar.* Ýokarky äňiň dişleri sogrulanda näsagyň we lukmanyň duruş ýagdaýlary (*a*) hem-de atagzynyň sag tarap (*b*) we çep tarap (*ç*) dişlere goýluşy

Aşaky äňiň dişleri sogrulanda, oturgyjy mümkin boldugyça aşak düşürýärler, näsagyň kellesi dike ýakyn ýagdaýda goýulýar, eňegi döşüne golaýladylýar. Käbir ýagdaýlarda näsagy ýarym ýatan ýagdaýa getirmek gerek bolýar. Bu ýagdaýda sogrulýan diş lukmanyň aşak goýberilen elleriniň tirsek bogunlarynyň derejesinde bolmalydyr. Aşaky äňiň çep tarap dişleri sogrulanda, lukman näsagyň sagynda we öňünde durýar, näsagyň ýüzi birneme saga öwrülen bolmaly, lukmanyň çep eliniň

1-nji barmagy eňekde, 2-nji barmagy bolsa öýjükli ösüntgide ýerleşýär. Aşaky äňiň *sag* tarap dişleri sogrulanda, lukman näsagyň yzynda durýar, çep eliniň 2-nji barmagy bilen ýaňagy çekýär, 1-nji barmagy bolsa dil tarapdan öýjükli ösüntgä goýýar (*47-nji a,b,ç,d suratlar*).




*47-nji a, b, ç, d suratlar.* Aşaky äňiň sag (*a, ç*) we çep (*b, d*) tarap dişleri sogrulanda, näsagyň we lukmanyň duruş ýagdaýlary hem-de atagzynyň goýluşy

Ýokarky äňiň alyn we gyýak dişlerini göni atagzylar bilen towlama we çaýkama hereketler arkaly sogurýarlar. Gyýak diş yrgyldadylanda, ilkinji hereket daş tarapa bolmalydyr. Gapdal alyn dişleri göni atagzylar bilen sogurýarlar, ýöne olaryň kökleri, köplenç, egrelenligi sebäpli çaýkama hereketler bilen yrgyldatmagy amala aşyrýarlar.

Ýokarky äňiň kiçi azy dişlerini gysaçlary degişmeýän S-görnüşli atagzylar bilen sogurýarlar. Yrgyldatmagy, esasan, agyz bosagasy tarapa amala aşyrýarlar. Uly azy dişleri, dişiň agyz bosagasy tarapyna goýulýan gysajynyň uçly ösüntgi-

si bolan S-görnüşli egri atagzylar bilen sogurýarlar. Ýokarky üçünji azyny gysaçlary degmeýän gyraňly naýza görnüşli ýörite atagzylar bilen sogurýarlar.

Ýokarky äňiň dişleriniň köklerini sogurmak üçin gyraňly naýza görnüşli atagzylary ulanýarlar (*48-nji surat*). Bir kökli dişleriň köklerini sogurmaklygy dişler sogrulanda, ulanylýan hereketler bilen amala aşyrýarlar. Köp kökli dişleriň köklerini sogurmaklygyň usuly kökara birleşmäniň barlygyna ýa-da onuň ýoklugyna bagly bolup durýar. Ýokarky äňiň uly azylarynyň kökleriniň berk kökara birleşmesi bolanda daşky gysajynda uçly ösüntgi bolan S-görnüşli atagzylar ulanylýar. Berk däl kökara birleşmesi bolanda bu atagzylary ulanmaýarlar. Her bir kök aýratynlykda sogrulýar. Diş öýjüginiň berk diwary bolanda we kökler has ýaýraň bolanlarynda diş gyrgyç bilen kentlewük köki ýaňak köklerden bölüp aýyrmak amatlydyr. Soňra kentlewük köki towlama hereketler bilen, ýaňak kökleri bolsa çaýkamak arkaly sogrup alýarlar. Ýeke ýerleşen kökleri sogurmak üçin kähalatlarda göni gaňyrgaçlary ulanýarlar.



*48-nji surat.* Ýokarky äňiň dişleriniň köklerini sogurmak üçin gyraňly naýza görnüşli atagzy

Aşaky äňiň dişlerini çüňk görnüşli atagzylar bilen sogurýarlar. Yrgyldatmagy agyz bosagasy tarapa amala aşyrýarlar. Gyýak we kiçi azy dişler sogrulanda, kähalatlarda doly bolmadyk towlama hereketleri geçirmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Uly azy dişleri çüňk görnüşli diş täçleri üçin niýetlenilen atagzylar bilen sogurýarlar. Äňleriň gysylmagynda aşaky üçünji azylary sogurmak üçin tekizlik boýunça egrelen atagzyny ulanýarlar.

Daşky gytak çyzygyň töwereginde süňk gerşi sebäpli öýjükli ösüntginiň galňanlygy üçin ikinji we üçünji uly azylar sogrulanda, dil tarapa ilkinji yrgyldatma hereketlerini edip başlaýarlar.

Dişiň täji döwlen ýagdaýynda yrgyldatmagy burç boýunça egreldilen gaňyrgaçlar bilen amala aşyrmak amatlydyr. Üçünji uly azyny sogurmak üçin gazyk şekilli gaňyrgajy ulanýarlar. Gaňyrgajyň ýiteldilen uç bölegini ikinji uly azy we dişara perde arasyna salýarlar. Gitdigiçe güýçlendirilýän ýaýkaýjy hereketler bilen dişi yrgyldadýarlar. Gazyk şekilli gaňyrgajy näsagyň agzynda berk duran birinji we ikinji uly azylar bolanda ulanýarlar, sebäbi aşaky äň süňküniň içinde ýerleşen üçünji azyny yrgyldadandan ýeke duran ikinji azyny yrgyldatmak aňsat bolýar. Şonuň üçin hem sagdyn we berk birinji we ikinji uly azylar bolmadyk ýagdaýynda diş sogurmak üçin gazyk şekilli gaňyrgaç ulanylmaýar. Diş öýjüginiň daş tarap diwaryny diş gyrgyç bilen gyryp aýryp bolýar we şondan soňra dişi sogurmak has ýeňilleşýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda öňünçä nemli bardaly süňk barda kesim bölegi döredilýär (soňra aşakda berilýär).

Aşaky äňiň dişleriniň köklerini gysaçlary degýän çüňk görnüşli atagzylar bilen sogurýarlar. Käwagtlar aşaky uly azylaryň kökleri sogrulanda, öýjükli ösüntginiň diwarynyň has galyň bolanlygy, şeýle hem kökleriň uçlarynyň gyşyklygy we köküň berkligi sebäpli bellibir kynçylyklar döreýär. Kökleriň ikisiniň hem yrgyldadylmagy netijesiz bolanda nemli bardaly süňk barda kesim bölegini döretmeklige we diş gyryjylar bilen kökara birleşmäni aýyrmaklyga girişýärler. Ondan soňra kökler atagzy bilen aýry-aýrylykda sogrulyp çykarylýar (*49-njy a, b, ç suratlar*). Köküň sähelçe çykyp duran gyrasyny atagzy bilen tutjak bolmaly däl, sebäbi, köplenç, ol döwülýär. Atagzynyň gysaçlary hökmany ýagdaýda dişiň köküniň iki tarapyny hem tutmalydyr. Köp kökli dişlerde ilkinji nobatda atagzy bilen gowy tutup bolýan kök sogrulýar. Soňra burç boýunça egreldilen gaňyrgajy diş öýjüginiň içinden ulanyp, beýleki köki sogurýarlar.



*a)* *b)* *ç)*

*49-njy a, b, ç suratlar.* Ýokarky uly azynyň köklerini diş gyryjy enjam bilen bölmek:
*a* – togalak diş gyryjy bilen onuň boşlugynyň düýbünde deşik döretmek;
*b* – süýri diş gyryjy bilen kentlewük we ýaňak kökler bölünen; *ç* – kökleriň arasyna göni gaňyrgaç salnan we kentlewük köki çykarylýar

### 5.1.4. Amaldan soňra ýara seredilişi

Atagzy ýa-da gaňyrgaç bilen diş sogrulandan soňra, diş öýjüginde täç, kök ýa--da süňk bölejiginiň galmanlygyna göz ýetirmeli. Beýle bolan ýagdaýynda olary ýiti hirurgik çemçejik bilen aýyrýarlar, granulirleýji we granulomatoz periodontitde düwür-düwür dokumany, granulýomanyň fibroz bardasyny gyryp aýyrýarlar. Diş etiniň bitewüligi bozulanda, ýaranyň gyralaryna inçejik ketgut ýa-da sintetik sapak bilen tikin goýýarlar (50-*nji a,b suratlar*).

Diş öýjügi barlanandan soňra zyýansyzlandyrylan hasa ýaglyjagy ýa-da hasa tokgasy bilen onuň gyrasyna basyp, onuň diwarlarynyň süňk bölegini ýerine eltýärler. Eger-de ondan soňra diş öýjügi gandan dolmasa, onda onuň üstünden basyp durar ýaly, 3-5 minutyň dowamynda hasa tokgasyny goýýarlar we näsaga agzyny ýapdyrýarlar.



a) b)

*50-nji a, b suratlar.* Diş sogrulandan soňraky galýan diş öýjüginiň we olaryň aralarynyň perdeleriniň ýiti gyralary:
*a* – diş sogrulandan soňra; *b* – ýiti gyralar aýrylandan we diş öýjügi tikilenden soňra

Diş öýjüginden iriň akan ýagdaýynda agyz boşlugyny kaliniň permanganatynyň (1:5000) ergini ýa-da natriniň gidrokarbonatynyň 1-2%-li ergini bilen çaýkamaklygy belleýärler.

### 5.1.5. Dişleriň we kökleriň adaty däl sogrulyşy

Kökleri atagzylar we gaňyrgaçlar bilen sogrup bolmadyk ýagdaýynda diş gyryjy enjam ulanylýar. Muňa gatnaw şertlerindäki amala taýýarlanylyşy ýaly taýýarlanmak gerek. Näsagy kese ýa-da ýarym-kese ýagdaýa geçirýärler. Hirurg dişleriň adaty däl sogrulyşyny kömekçisi bilen bilelikde amala aşyrýar.

Sebitleýin we siňdirme agyrysyzlandyrma geçirip, ululygy amal meýdanynyň dowamlylygy bilen kesgitlenilýän üçburç ýa-da gönüburç kesim bölegi döredilýär. Inçe gopargyç ýa-da ýylmaýjy bilen nemli bardaly süňk barda kesim bölegi süňkden goparylýar we geçiş ýygyrda tarap serpikdirilip çekilýär. Kesim bölegi saklaýjy sapaklar ýa-da uly bolmadyk hirurgik ilgençek bilen gapdala çekýärler. Diş öýjüginiň daşky diwaryny aýyrmagyň iň az şikes ýetiriji usuly ony diş gyryjy bilen gyryp kesmeklikdir. Ondan soňra kök bilen süňküň arasynda oý döredýärler we dişi ýa-da köki atagzy ýa-da gaňyrgaç bilen sogurýarlar (*51-nji a,b,ç,d suratlar*).



a) b) ç) d)

*51-nji a, b, ç, d suratlar.* Diş gyryjy enjamyň we gaňyrgajyň kömegi bilen diş köklerini sogurmak:
*a* – öýjükli ösüntgide süňk bardaly-nemli barda kesim bölegi döredilen we köküň deňesinde gabyk gatlakda deşikler döredilen; *b* – deşikler birleşdirilen; *ç* – süňk diwary aýrylan we diş gyryjy enjam bilen kökleriň birleşmesi bölünen; *d* – gaňyrgaç bilen kökleri sogurmak

Diş öýjüginiň ýiti gyralaryny süňk kertgiji ýa-da armyt şekilli stomatologik gyrgyjy bilen düzleýärler, süňk owuntyklaryndan we düwür-düwür dokumalardan arassalaýarlar, düwünli tikinleri goýýarlar. Käbir ýagdaýlarda, aýratyn hem amal has şikesli bolan ýagdaýynda, diş öýjüginde kseroform garyndyly ergin siňdirilen hasa zolagyny goýmak maksadalaýykdyr.

### 5.1.6. Diş sogurmak amalynyň gaýrüzülmeleri

Diş sogurmak amalynda umumy we ýerli gaýrüzülmeler ýüze çykyp biler. Umumy gaýrüzülmelere başaýlanma, kollaps (çaşmaklyk), şok we ş.m. degişlidir. Ýerli gaýrüzülmeler amal wagty we amaldan soňky döwürde ýüze çykýar. Diş sogruljak wagty täjiň ýa-da köküň döwülmegi, gapdalyndaky dişiň ýa-da garşydaş dişiň şikesi, aşaky äňiň döwügi, ýokarky äňiň güberçekli ýeriniň gopmagy, ýumşak dokumalaryň zeperlenmegi, sogrulan dişiň öýjüginden gan akmasy, ýokarky äň boşlugyna ýa-da burna tarap deşilmegi ýa-da köküň olaryň içine gaçmagy bolup biler. Sanalan gaýrüzülmeler, köplenç ýagdaýda, diş sogurmagyň ýalňyş usuly sebäpli döreýärler, olaryň käbirleri bolsa gödek ýalňyşlyklar bolup durýar. Amaldan soňraky döwürde ir we giç gan akma döräp biler, öýjükli ösüntginiň osteomiýeliti, öýjükli ösüntginiň nerwleriniň zeperlenmesi ýaly gaýrüzülmeler bolup biler. Öýjükli ösüntginiň nerwleriniň zeperlenmesi bilen döreýän irki diş öýjüginiň agyrysy, adatça, agyrysyzlandyryjy ergininiň täsiri aýrylandan soňra döreýär. Diş öýjüginiň we onuň töwereginiň daşky görnüşi, şeýle hem agyrynyň depgini geçirilen amalyň häsiýetine bagly bolup durýar. Käbir ýagdaýlarda diş öýjüginiň irki agyrysy öýjügiň dokumalarynyň düýpli şikeslenmesiniň netijesi bolup durýar. Beýle gaýrüzülme diş öýjüginiň girelgesiniň has ýaýraň bolan köklere gabat gelmezliginde bolup biler.

Diş öýjüginiň giçki agyrysy diş sogrulandan 24-48 *sagat* soňra dokumalaryň has köp şikeslenmeginde we olara ýokanç düşmeginde, şeýle hem ýara nädogry seredilende döreýär. Alweolitde gan lagtasy bolmaýar, diş öýjüginiň diwarlary we düýbi fibrinden, çüýreme döwründäki ak we gyzyl gan öýjüklerinden, ýokançlardan we olaryň dargamagynyň netijesi bolan maddalardan, şeýle hem dargap barýan iýmit galyndylardan emele gelen çal reňkli madda bilen örtülen. Diş öýjügine ýakyn ýerleşen dokumalar we sebitleýin limfa düwünleri el bilen barlanylanda agyryly bolýar.

### 5.1.7. Diş sogrulanda döreýän ýerli gaýrüzülmelerde lukmanyň hereketleri

1. Dişiň täji ýa-da köki döwlende, sogurmaklygy gaňyrgajyň, diş gyryjy enjamyň kömegi bilen tamamlaýarlar.

2. Gapdalyndaky ýa-da garşysyndaky dişiň şikesinde bejeriş çäreleri olaryň zeperlenmesiniň derejesi bilen kesgitlenilýär (täjiniň böleginiň döwülmegi, dişiň çykygy). Diş pulpasy zeperlenende, şikeslenen dişiň soňraky petiklenmesi bilen

ony jansyzlandyrmaklyga girişýärler. Dişiň çykygynda ony täzeden ýerine oturdýarlar we berkidýärler.

3. Aşaky äňiň döwügini zeperlenmäniň ýerleşýän ýerine we onuň derejesine baglylykda ýatymlaýyn şertlerde bejerýärler.

4. Ýokarky äňiň güberçekli ýeri gopanynda erkin ýatan süňk bölejiklerini aýyrýarlar, ýarany bolsa doly tikýärler.

5. Diş eti, dodaklar, ýaňaklar we dil zeperlenende ýaranyň gyralaryna tikin goýýarlar.

6. Diş sogrulyp çykarylan wagty dörän diş öýjüginiň ganamagyny dürli usullar bilen saklaýarlar. Bu gaýrüzülmede lukmanyň bejeriş hereketleri gan akmanyň depgini we ýerleşýän ýeri bilen kesgitlenilýär. Diş etinden gan akanda wodorodyň öteturşusynyň 3%-li ergini siňdirilen hasa tokgasyny basyp duran tikinleri goýýarlar, elektroköýdürmekligi (ýörite enjamyň kömegi bilen) geçirýärler. Diş öýjüginiň düýbünden we diwaryndan gan akanynda onuň içine wodorodyň öteturşusynyň 3%-li ergini, gemofobin siňdirilen pelte, gan saklaýjy öýjükli derman salýarlar, soňra basyp duran hasa tokgasyny goýýarlar. Bu çäreler netijesiz bolanda diş öýjügini kseroformly pelte bilen berk dykylýar (*52-nji surat*), soňra bolsa äňlerini ýapanlarynda basyş döredilýän hasa tokgasyny goýýarlar, şeýle hem olaryň üstünden tikin goýlup bilner. Içmek we wena içre görnüşinde kalsiý hloridiniň 10%-li erginini, desinon, etamzilat natriý bilen em etmegi belleýärler. Uzak wagtly we dyngysyz gan akmalarda ganyň lagtalanma ulgamyny barlamak gerek we näsagyň ýagdaýyny gematolog lukman bilen maslahatlaşmaly. Munuň ýaly näsaglary ýatymlaýyn bejergi bölümine ýerleşdirmek maksadalaýykdyr.



*52-nji surat.* Diş sogrulandan soňky gan akmany saklamak üçin diş öýjügine hasa peltesini dykmak

7. Diş öýjüginiň irki agyrylarynda agyry aýryjylary belleýärler: kähalatda nowokain, lidokain baglamalary, ýerli sowatmagy, sinusoidal durgunsyz tok bilen fiziki bejergi ulanýarlar.

8. Alweolitde diş öýjügini zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwýarlar (wodorodyň öteturşusy, furasilin, kaliý permanganaty). Agyrysyzlandyrmadan soňra kiçi hirurgik çemçe bilen diş öýjüginiň içinden seresaplylyk bilen gan lagtasynyň dargan maddalaryny, şeýle hem ozal aýrylmadyk özge jynslary aýyrýarlar. Diş öýjügi zyýansyzlandyryjy, protein erediji fermentleriň (tripsin, himotripsin) erginleri bilen ýuwlanyndan soňra onuň içine goşmaca anestezin garyndysyna ezilen kseroformly pelte salýarlar. Diş öýjügini giň täsirli ýokanja garşy derman bilen bilelikde dimeksidiň 50%-li ergini bilen ýuwmak oňat netijeleri berýär. Ondan soňra diş öýjügini dimeksidin 40%-li melhemi siňdirilen hasa peltesi bilen doldurýarlar. Agyry aýryjylary, fiziki bejergileri (*HÝÝ* elektrik meýdany, flýuktuorizasiýa) belleýärler.



a) b) ç)

*53-nji a, b, ç suratlar.* Ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşilmegi:
*a* – ýokarky äň boşlugynyň nemli bardasy bilen birleşen granulýomasy bolan azy sogrulanda;
*b* – göni gaňyrgaç bilen; *ç* – hirurgik çemçejik bilen

9. Ýokarky äň boşlugy deşilende we onda çişme alamatlary ýok bolsa diş öýjügini bitirmek üçin çäreler görýärler (*53-nji a,b,ç suratlar*). Boşlugyň dürtgüç bilen barlagyny geçirmek, şeýle hem diş öýjügine hasa dykmak maksadalaýyk däldir, sebäbi hasa dyky gan lagtasynyň emele gelmegine päsgelçilik döredýär. Deşigiň agyz boşlugynyň nemli bardasynyň geçiş ýygyrdynyň ýokarky aýlawy boýunça döredilen kesim bölegi bilen ir ýapylan ýagdaýynda oňat netijeler gazanylýandygy ýüze çykarylan (*54-nji a,b,ç,d suratlar*).



a) b)



ç) d)

*54-nji a, b, ç, d suratlar.* Diş öýjüginiň ýokarky äň boşlugy bilen deşigini ýapmaklyk:
*a* – diş öýjüginde ýüzleý goýlan kseroformly hasa tokgasyny saklaýan sim sargysy;
*b* – diş öýjüginde ýüzleý goýlan kseroformly hasa tokgasyny tikinler bilen berkitmek;
*ç* – diş öýjüginiň kesim bölegini döredip tikmek; *d* – ýeňilleşdirýän kesim geçirip tikmek

Köküň ýokarky äň boşlugyna gaçan ýagdaýlarynda, köküň ýerleşýän ýeriniň rentgen barlagy bilen anyklanandan soňra (*55-nji surat*), ýokarky äňiň öň tarapy boýunça boşlugy düýpli açmak amalyny geçirýärler. Kök çykarylandan soňra boşlugy barlaýarlar. Soňra ol zyýansyzlandyryjylaryň erginleri (furasilin, kaliý permanganaty) bilen ýuwulýar we tikin goýýarlar. Boşlukda çişme kesel hadysa alamatlary ýüze çykarylsa, aşaky burun geçelgesi boýunça goşmaça deşik döredýärler. Kök gaçan ýagdaýynda ýokarky äňdäki amaly ilkinji 1-2 *sagadyň* dowamynda Stomatologiýa merkezinde (Saglyk öýünde) (ol ýerde amal otagy we amaly başarýan ýokary hünärli hirurg-stomatologlar bolanda) geçirilýär. Soňra beýle näsagy çişmä garşy bejergini geçirmek üçin ýatymlaýyn bejergä ýerleşdirmek gerek. Bejergini şeýle alyp barmak boşlugyň özge jyns bilen ýokançlanmagynyň, ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli çişmesiniň döremeginiň öňüni alýar, şeýle hem näsagyň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygynyň wagtyny has-da gysgaltmaga ýol berýär. Haçanda Stomatologiýa merkezinde (stomatologiýa otagynda) ýokarky äň boşlugyny düýpli açmak amalyny geçirmek üçin şertler bolmasa, näsagy ýatymlaýyn bejergä ugradýarlar.



*55-nji surat.* Ýokarky äňiň gapdal tarapyndan alnan agyziçre rentgen surat. Ýokarky äň boşlugynyň içindäki diş köki

## 5.2. PERIODONTIT WE ONUŇ AMAL BEJERGILERI

### 5.2.1. Periodontidiň görnüşleri, onuň geçişi we rentgen anyklaýşy

Gelip çykyşy boýunça periodontidiň ýokanç netijesinde, şikes sebäpli we dermanlaryň täsiri netijesinde ýüze çykýan görnüşleri bar.

Keseliň geçişi boýunça ýiti we üznüksiz periodontitler bar.

Kesel görnüşleriniň bölünişigi boýunça ýiti periodontit zäherlenme we güýçli bildirýän suwuklyk ýygnanma hadysa döwürleri bilen geçýär.

Kökýany dokumalaryň zeperlenmesiniň häsiýeti we derejesi boýunça üznüksiz periodontidiň aşakdaky görnüşleri bar: 1) üznüksiz fibroz; 2) üznüksiz granulirleýji; 3) üznüksiz granulomatoz (granulýoma); 4) ýitileşme döwründäki üznüksiz periodontit.

Ýiti kökujy periodontit. Keseliň bu görnüşi bir alamatlaryň başga alamatlar bilen çalşygy, güýçli bildirýän we gitdigiçe artýan çişme hadysa bilen tapawutlanýar.

Keseliň birinji döwri – periodontyň zäherlenme döwri çişme hadysanyň ilkibaşynda, seýrek bolmadyk ýagdaýlarda gijikdirilip ýa-da ýalňyş bejerilen pulpit keselinden soň döreýär. Onuň üçin uzak wagtlap, hemişelik sorkuldyly agyrylar

häsiýetlidir. Käwagt olaryň üstüne keselli dişe agram berlende döreýän ýokary duýgurlyk agyry hem goşulýar. Dişiň ýanynda diş eti boýunça hiç bir cişme häsiýetli alamat bolmaýar, dik ugur boýunça dişe kakylanda agyry ýüze çykyp biler.

Keseliň ikinji döwri – güýçli bildirýän suwuklyk ýygnanma hadysa döwri yzygiderli agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Agyrylar bir derejede saklanýarlar ýa-da gitdigiçe artýarlar. Keselli diş bilen dişlenilende agyrylar döreýär, hatda keselli dişe sähelçe dil degende hem agyry döreýär. Bu döwürde ýiti periodontitli diş kakylyp barlanylanda örän agyryly, ilkibaşda diňe dik ugur boýunça kakylanda, soňra bolsa islendik ugur boýunça kakylyp barlananda örän agyryly bolýar. Dişiň bagjygynyň kökujy ýanynda suwuklyk ýygnanmagy we oňa düşýän basyş güýjüniň paýlanyşynyň bozulmagy netijesinde näsagda dişiň «ösen ýaly» duýgusyny döredýär, şeýle hem dişiň zeperlenme hereketliligi ýüze çykýar. Keselli dişiň deňesinde dişeti seýrek bolmadyk halatlarda gyzaran we ýellenen, geçiş ýygyrdy boýunça kök ujunyň deňesi el bilen barlanylanda agyryly bolýar. Dişiň mylkygy, adatça, çüýrän bolýar we şol sebäpli hem diş sowuk we gyzgynlyk, şeýle hem elektrik gyjyndyrmalary duýmaýar.

Käbir halatlarda äňýany dokumalaryň bildirip duran daşgyn ýellenmesi ýüze çykýar. Geçiş ýygyrdy çişme gataňsylyk ýa-da çäklenen iriňli ojak emele gelmegi netijesinde düzlenýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda dişiň kakylyp barlanylmagy ol diýen bir agyryly bolman biler, emma geçiş ýygyrdynyň el bilen barlagy örän agyryly bolýar.

Çäklenen iriňli ojak emele gelende diş etiniň ýukalan nemli barda gatynyň aşagynda mylkyldy ýüze çykmagy ähtimal. Iriň ýarylyp çykan we diş etinde ýa-da ýüzüň derisinde deşik emele gelen ýagdaýynda dokumalaryň dartgynlylygy peselýär we agyrylar gowşap başlaýar.

Ýokarky äňiň uly we kiçi azylarynyň köklerinden iriňli hadysa ýokarky äň boşlugyna geçip, çişme keselini döredip biler. Bedeniň gyzgynynyň birden has ýokary derejelere galmagy we üşütme görnüşindäki umumy alamatlar seýrek ýüze çykýar we bu ýagdaý zäherli maddalaryň sebitleýin limfa düwünlerinde çalt siňýändikleri we zyýansyzlandyrylýandyklary barada şaýatlyk edýär. Ýerli barlag geçirilende, kesellän diş tarapdan äňasty, seýrek halatlarda bolsa eňegasty töweregiň limfa düwünleriniň ulalandygyny we agyrylydygyny ýüze çykaryp bolýar.

Ýiti periodontidiň deňeşdirme anyklamasyny ýiti pulpit, periostit, äňleriň osteomiýelidi, kök kistasynyň iriňlemesi, ýokarky äň boşlugynyň ýiti diş sebäpli çişmesi bilen geçirýärler. Pulpitden tapawutlylykda ýiti periodontitde agyrylar hemişelik bolýar, diş pulpanyň ýaýraň çişmesinde tutgaýly ýaly agyrylar bolýar. Ýiti pulpitden tapawutlylykda ýiti periodontitde diş etiniň dişe ýakyn ýerlerinde çişme hadysasy ýüze çykarylýar, dişiň kakylyp barlanylmagy has agyryly bolýar. Mundan başga-da, anyklamaga dişiň elektrik tok duýgurlygyny ölçemek barlagynyň maglumatlary kömek edýär. Ýiti periodontidiň we äňleriň ýiti iriňli periostidiniň deňeşdirme anyklamasy has güýçli bildirýän arzlara, gyzdyrmak ýagdaýyna,

äňýany ýumşak dokumalaryň daşgyn çişme ýellenmesiniň we süňk bardasty iriňli ojagynyň emele gelmegi bilen äňiň geçiş ýygyrdy boýunça ýaýraň gataňsylygyň barlygyna esaslanýar. Ýiti periodontitden tapawutlylykda äňiň periostidinde dişiň kakylyp barlanylmagy az agyryly ýa-da agyrysyz bolýar. Edil şunuň ýaly, has güýçli bildirýän umumy we ýerli alamatlar boýunça ýiti periodontidiň we äňleriň ýiti osteomiýelidiniň deňeşdirme anyklamasyny geçirýärler. Äňiň ýiti osteomiýelidi üçin äňiň öýjükli ösüntgisiniň we bedeniniň iki tarapyna hem ýanaşýan ýumşak dokumalaryň çişme hadysa zeperlenmeleri häsiýetlidir. Ýiti periodontitde kakylyp barlanylmagy diňe bir dişde güýçli agyryly, ýiti osteomiýelitde bolsa – birnäçe diş agyryly we keseliň başlangyjy bolan dişiň kakylmagy ýanyndaky sagdyn dişlere görä az duýgurlydyr. Gan seljeriş maglumatlary – ganyň ak öýjükleriniň köpelmekleri, ganyň gyzyl öýjükleriniň çöküş tizliginiň artmagy keselleri tapawutlandyrmaga ýol berýär.

Ýiti iriňli periodontidi iriňlän kökýany kistadan tapawutlandyrmak gerek. Öýjükli ösüntginiň çäklenen gübermesiniň bolmagy, kähalatlarda onuň merkezinde süňk dokumasynyň ýoklugy, ýiti periodontitden tapawutlylykda dişleriň süýşmegi iriňlän kökýany kistanyň barlygyna şaýatlyk edýär. Rentgen suraty arkaly kistada süňküň aýdyň gyralary bolan tegelek ýa-da süýri şekilli seýrekleşmesi ýüze çykarylýar.

Ýiti iriňli periodontidi ýokarky äň boşlugynyň ýiti diş sebäpli çişmesinden tapawutlandyrmak gerek we bu keselde boşluga ýanaşyk bolan bir ýa-da birnäçe dişde agyry ýüze çykyp biler. Emma burnuň degişli tarapynyň dykylmagy, burun geçelgesinden iriň akmagy, kellagyrylar, umumy nähoşluk ýokarky äň boşlugynyň ýiti çişmesi üçin häsiýetlidir. Rentgen suratda ýüze çykarylan ýokarky äň boşlugynyň sudurynyň bozulmagy kesel kesgitlemesini takyklamaga ýol berýär.

**Üznüksiz kökujy periodontit.** Üznüksiz kökujy periodontidiň geçişiniň alamatlary ýiti görnüşine seredeniňde has pes bildirýär we şol sebäpli hem onuň rentgen suratyny almazdan, deňeşdirme anyklamasyny geçirmek uly kynçylyklar döredip biler (*56-njy a,b,ç suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*56-njy a, b, ç suratlar*. Üznüksiz periodontit:

*a* – fibroz; *b* – granulirleýji; *ç* – granulomatoz

***Üznüksiz fibroz periodontit*** geçişi boýunça bildirmeýär, keseliň bu görnüşi, köplenç, alamatsyz geçýär. Fibroz periodontit onuň beýleki görnüşleriniň (granulirleýji ýa-da granulomatoz) bejerilmegi netijesinde döräp biler. Ol ozal bejerilen pulpitiň netijesi hem bolup biler, şeýle hem köpsanly diş ýitirilende ýa-da şikesli dişleýişde artykmaç agram düşmegi netijesinde döräp biler.

Üznüksiz fibroz periodontidiň kesel kesgitlemesini rentgen suratyň esasynda goýýarlar we onda kök daşynyň yşynyň kökujy ýanynda giňelmesi şekilinde gyşarmasyny ýüze çykarýarlar. Bu ýagdaýda kök daşynyň yşynyň gyşarmasy, adatça, diş öýjüginiň süňk diwarynyň, şeýle hem dişiň köküniň sementiniň zaýalanmasy bilen bolmaýar.

Fibroz periodontit oňat petiklenen dişlerde ýüze çykarylanda bejergini talap etmeýär. Diňe açyk we hakykat ýüzünde ýokançlanan diş akabasy bolanda üznüksiz fibroz periodontit adaty bejergi usulyny talap edýär.

***Üznüksiz granulirleýji periodontitde*** fibroz görnüşine garanyňda has bildirýän alamatlar bolup geçýär. Granulirleýji periodontitde seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýakymsyz, kawagt gowşak agyryly duýgular (agyrlyk, böwsüp barýan, tagaşyksyzlyk görnüşinde) ýüze çykýar, keselli diş bilen dişlenilende sähelçe agyry döremegi mümkin. Keseliň taryhyndan agyry duýgularynyň gaýtalanyp durýanlygyny we her gezek deşigiň döreýänligini hem-de birnäçe wagtdan onuň bitýänligini ýüze çykaryp bolýar. Käwagt näsag deşikden iriň çykýanlygyny ýüze çykarýar.

Agyz boşlugy gözden geçirilende, kesellän dişiň deňesinde diş etiniň gyzarmasy ýüze çykarylýar, dişetiniň bu ýerine kütek guralyň ujy bilen basylanda, çöketlik döreýär we ol gural aýrylan mahaly ýitip gitmeýär. Diş etiniň el bilen barlagy ýakymsyz ýa-da agyry duýgulary döredýär. Keselli dişiň ýanynda süňküň zeperlenmesi bolanda el bilen barlag äňiň gabyk gatynyň kemtiklik duýgusyny döredip biler. Bejerilmedik üznüksiz granulirleýji periodontitli dişiň kakylyp barlanylmagy ýokary duýujylygy, käwagt bolsa agyry duýgusyny hem döredýär. Seýrek bolmadyk halatlarda äňasty we eňegasty limfa düwünleriniň ulalmagy we agyrylylygy ýüze çykýar.

Rentgen barlagy tarapyndan üznüksiz granulirleýji periodontitde diş köküniň ujunyň ýanynda takyk sudury bolmadyk ýa-da süňk dokumasyny düwür-düwür zeperlenme dokumadan çäklendirýän tekiz däl, büdür-südür çyzyk görnüşindäki süňk seýrekleşme ojagy ýüze çykarylýar.

Granulirleýji periodontit beýleki görnüşlere garanyňda, çişme hadysasynyň ýitileşmesiniň has ýygy bolýanlygy bilen häsiýetlendirilýär, emma deşik bolanda onuň geçişi oňşar derejede oňaýly bolýar, onuň sebäbi hem kök daşynyň yşyndan deşik arkaly suwuklyk çykyp duranda kesel ýitileşmesiz geçýär.

Üznüksiz granulirleýji periodontitde diş öýjüginde zaýalanma we ereme hadysalar sebäpli üznüksiz çişme hadysasynyň beýleki görnüşlerine garanyňda, çişme hadysasynyň zäherli maddalary gana köp derejede sorulyp düşýärler, bu bolsa

näsagyň umumy zäherlenme alamatlaryny döredýär. Üznüksiz çişmäniň iň aýdyň we alamaty köp görnüşde geçýäni bolmak bilen, üznüksiz granulirleýji periodontit onuň iň bir oňaýlysy hem bolup durýar we adaty bejergi usullary, köplenç, oňaýly, sagdynlaşma netijäni berýär. Seýrek bolmadyk halatlarda granulirleýji periodontit oňaýly görnüşe – üznüksiz fibroz periodontide geçýär.

Üznüksiz granulomatoz periodontit, köplenç, çişme hadysasynyň ýitileşme döwri bolaýmasa, hiç bir alamat bilen ýüze çykmaýar. Käbir ýagdaýlarda üznüksiz granulomatoz periodontit deşik, diş etiniň gyzarmasy we ýellenmesi görnüşinde ýüze çykýar, emma, köplenç, kesele degişli näsagyň arzlary, kesel taryhynyň we ýerli barlagyň maglumatlary (geçişiniň alamatlary) bolmaýar.

Granulomatoz periodontit has durnukly we az alamatly görnüşdir. Çişme hadysa netijesindäki ýellenme we gyzarma alamatlary öýjükleriň köpelme hadysasy bilen utgaşýarlar.

***Üznüksiz granulomatoz periodontidiň*** kesel kesgitlemesini üznüksiz fibroz periodontitde bolşy ýaly, esasan, rentgen suratynyň maglumatlary boýunça goýýarlar we onda 0,5 *sm* töweregi ölçegdäki aýdyň çäklenen gyralary bolan tegelek ýa-da süýri şekilli uly bolmadyk süňk seýrekleşmesini ýüze çykaryp bolýar. Käbir ýagdaýlarda kesel kesgitlemesini goýmak üçin goşmaça alamat – näsagyň çişme hadysasynyň wagtal-wagtal ýitileşýänligi bolup biler.

Granulamotoz periodontidiň wagtynda we dogry geçirilen bejergisiniň oňaýly netijesi bolup, onuň fibroz görnüşe geçmekligidir. Bejergi geçirilmedik ýa-da kök akabasynyň doly petiklenilmedik ýagdaýynda granulýoma kistogranulýoma ýa-da kök kistasyna geçip gidýär.

***Kistogranulýoma*** – bu aralyk görnüş bolup, doly emele gelen kista mahsus bolan aýratynlyklary bar: aýdyň şekili, süňk zeperlenme ojagynda süňk dokumasynyň ýoklugy, rentgen suratdaky oňat bildirýän kölege. Emma kistogranulýomanyň ölçegleri kistanyňky ýaly uly däl. Adatça, ölçegleri 0,5 *sm*-den geçmeýän granulýomadan kän bir tapawutlanmaýan kistogranulýomanyň ölçegleri 0,5-den 0,8 *sm*-e cenli aralykda bolýar. Granulýoma bilen kistogranulýomanyň arasyndaky has takyk deňeşdirme anyklamasy dokuma gurluş barlagynyň maglumatlary esasynda geçirilýär.

***Üznüksiz periodontidiň ýitileşme*** döwründäki keseliň geçişi ýiti periodontitdäki ýagdaýa gabat gelýär. Emma rentgen suratdaky alamatlar üznüksiz görnüşlere meňzeş bolýar, kesel taryhynyň maglumatlary bolsa wagtal-wagtal döreýän ýitileşmä şaýatlyk edýär.

### 5.2.2. Ýiti we üznüksiz periodontidiň amal bejergileri

Ýiti we üznüksiz periodontitleriň amal bejergisini adaty bejergi geçirip bolmaýan ýa-da ol bejergi netijesiz bolan diş we diş ýany dokumalaryň kesellerinde ulanýarlar: a) geçip bolmaýan, egrelen kök akabalarynda; b) endodontiýa bejergisi

netijesinde gaýrüzülmelerde (köküň gapdala deşilmegi, kök iňňeleriniň we mylkyk çykaryjylaryň akabada döwülmegi, petikleýji maddanyň köküň ujunyň daşyna has köp çykmagy); ç) diş bejerilenden köp wagt soňra, şol sanda kök akabasynyň petiklenmesinden soň, deşigiň we kök ujy ojagyň töwereginde süňk dokumasynyň doly däl täzeden emele gelmesiniň bolmagy; d) emeli diş täjiniň bolmagy.

### 5.2.2.1. Emeli deşik döretmek



*57-nji surat.* Emeli deşik döretmek

Ýiti we üznüksiz periodontidiň ýitileşmesinde bejergi meýilleşdirilende, hirurgik däl usul bilen çemeleşilýär. Bejergi ilkinji nobatda dişiň köküniň daşynyň, esasan hem, ujunyň, çişme hadysasynyň netijesi bolan suwuklygyň akaba arkaly akmagyny üpjün etmekde jemlenendir. Emma dürli sebäplere görä, akabany arassalamak we kök ujunyň daşynyň çişme ojagynyň suwuklygynyň akmagyny üpjün edip bolmadyk ýagdaýlarda (geçip bolmaýan, egrelen köklerde, kök içre bejergi netijesinde gaýrüzülmelerden soňra, şeýle hem emeli täji bolan dişlerde) hirurgik amal – emeli ýara deşigini döredýärler (*57-nji surat*).

Ýerli agyrysyzlandyrmadan soňra geçiş ýygyrdy boýunça diş köküniň ujunyň deňesinde nemli bardany hem-de süňk bardasyny kesýärler (takmynan, 0,5-0,7 *sm)* we süňki deşýärler, ýarany ýuwup suwuklyk akar ýaly edýärler. Bu amal ýiti we ýitileşen periodontitde gaýragoýulmasyz gyssagly kömek çäresi bolup biler. Emeli deşigi döredilip, ýiti agyry we kök ujunyň daşynyň çişme ojagy peseleninden hem-de näsagyň ýagdaýy kanagatlaşanyndan soňra, dişiň gutarnykly bejergisi meýilleşdirilýär (köplenç, ýagdaýda dişiň köküniň ujunyň kesilip aýrylmagy göz öňünde tutulýar).

### 5.2.2.2. Dişiň köküniň ujunyň kesilip aýrylmagy

Eger-de köküň ýarpysyndan köpüsi süňk dokumasynyň zaýalanmasyna çekilen bolsa, çuňňur süňk kiseleri bar bolsa, dişiň köküniň ujunyň kesilip aýrylmagyny geçirmeýärler.

Köküň ujunyň kesilip aýrylmagyndan (rezeksiýasyndan) öň kök akabalarynyň geçip bolýan ýerlerini arassalaýarlar hem-de olary gataýan petikleýji serişdeler bilen dolduryarlar (azyndan köküň kesiljek ýerine çenli).

Akabalaryň petiklenmesi birnäçe gün öňünden, şeýle hem amal güni geçirilýär.

Amaly ýerli sebitleýin we siňdirme agyrysyzlandyrma bilen geçirýärler. Görkezmeler bolanynda rahatlandyryjy derman taýýarlyk bellenilýär. Nemli bardanyň we süňk bardasynyň üsti boýunça 1,5–2 *sm* uzynlykda göni ýa-da aýlaw kesim geçirilýär. Döredilen kesim böleginiň esasy geçiş ýygyrdyna tarap bolmaly we bu onuň ýaşaýyş ukyplylygyny has-da artdyrýar. Kesim böleginiň iň belent ýeri köküň ortasyna ga-

bat gelmeli. Şeýle edilip döredilen kesim bölegi süňkde emele gelen kemtigi ýapýar. Öýjükli ösüntgide işleniljek ýa-da birwagtda diş sogruljak bolsa dörtburç görnüşli kesim bölegi döredilse oňaýly bolýar. Nemli barda – süňk bardaly kesim bölegini inçejik gopargyç bilen goparyp goýýarlar. Kesim bölegini saklaýjy sapaklar arkaly saklaýarlar. Öýjükli ösüntginiň süňk diwarynyň daşky gatyny deşmegi we goparyp aýyrmagy diş gyrgyçlar bilen amala aşyrýarlar. Köküň ujuny uzyn diş gyryjylar bilen kese ýagdaýda kesip aýyrýarlar. Köküň ujy bilen bilelikde zaýalanan kesel dokumasyny hem aýyrýarlar. Boşlugy ýiti süňk çemçejikleri bilen gazaýarlar we kesel galyndylaryny aýyrýarlar. Kök akabasy petikleýji serişdeler bilen doly däl petiklenen ýagdaýynda, onuň yz tarapdan petiklenmesi amala aşyrylýar we ondan soňra boşlugy zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwýarlar. Süňk deşileninde döreýän owuntyklar süňk emele getirmek üçin ýardam edýärler, şonuň üçin hem olar aýrylmaýarlar. Süňk boşlugynyň içine gan saklaýjy öýjükli derman serişdesini salýarlar. Nemli barda-süňk bardaly kesim bölegini ýerine goýýarlar we düwünli tikinler bilen berkidýärler (*58-nji a, b, ç, d suratlar*). Ýokarky dodaga ýa-da eňege basyp duran sargy goýýarlar, sowuk belleýärler (buzly rezin meşijegi tutmak). Bu çäreler gan inmeginiň öňüni alýar.



*a)* *b)* *ç)* *d)*

*58-nji a, b, ç, d suratlar.* Gyýak dişiň kökünüň ujunyň kesilip aýrylmagy (taslama):
*a* – aýlaw görnüşli kesilişi; *b* – öýjükli ösüntginiň daş tarap diwarynyň çapgyç bilen açylyşy;
*ç* – uzyn diş gyryjy bilen köküň ujunyň kesilip aýrylyşy; *d* – nemli barda – süňk bardaly kesim bölegi ýerine goýulýar we ol düwünli tikinler bilen berkidilýär

Köküň ujunyň kesilip aýrylmagynda birnäçe gaýrüzülmeler döräp biler: öýjükli ösüntgi nerwleriň we gan damarlarynyň şikeslenmegi, ýokarky äň boşlugynyň we burun boşlugynyň deşilmegi. Oňaýsyz ýerleşiş şertlerde (ýokarky äň boşlugynyň düýbüne ýokarky dişleriň ýakyn ýerleşmegi) bu gaýrüzülmeleriň öňüni almak üçin has giň kesmek, şeýle hem dokumalara seresaply çemeleşmek gerek. Nerwleriň şikesi bilen baglanyşykly bolan duýgurlyk peselmesinde fiziki bejergi (HÝÝ elektrik meýdany, kaliý ýodidiniň 5-10%-li erginini elektrik togy bilen siňdirmek), $B_1$ witamini, dibazol bellenilýär. Çişme hadysasy bolmadyk ýokarky äň boşlugy we burun boşlugy deşilende, adatça, amaly ýarany tikmek bilen tamamlaýarlar. Döräն deşikden iriň akanda, şeýle hem boşlugyň içine dişiň kökünüň kesilip aýrylan ujy gideninde ýokarky äň boşlugyny düýpli açmak amaly görkezilen.

### 5.2.2.3. Dişiň gemiseksiýasy we köküň amputasiýasy

Üznüksiz periodontidi bolan dişleriň hirurgik bejergisiniň usullary bolup dişleriň gemiseksiýa we kökleriň amputasiýa amallaryny ulanýarlar. Gemiseksiýada dişiň täç böleginiň ýarysyny onuň aşagyndaky bir köki bilen bilelikde aýyrýarlar.

Köküň amputasiýasy dişiň köküniň onuň bölünýän ýerine, ýagny şahalanmasyna çenli bölegini aýyrmagy göz öňünde tutýar, dişiň galan bölegi bolsa soňra köpri görnüşli emeli diş gurnamasyny berkitmek üçin ulanylýar (*59-njy a,b suratlar*).



*a)* *b)*

*59-njy surat.* Dişiň gemiseksiýasy (*a*) we köküň amputasiýasy (*b*) (taslama)

Dişiň gemiseksiýasyna we kökleriň amputasiýasyna bolan görkezmeler, kökleriň uçlarynyň kesilip aýrylmagyna bolan görkezmelerden has giň. Bu amallary aşaky äňiň uly azylarynyň bir köküniň, ýokarky äňiň uly azylarynyň iki ýaňak kökleriniň biriniň ýa-da kentlewük köküniň töwereginde süňk içine gidýän çuňňur kise bolanda, kökara perdäniň süňk dokumasynyň eremesinde, kökleriň şahalanýan ýerleriniň deşilmeginde geçirmek görkezilen. Ähli kökleriň töwereginiň süňk dokumasynyň eremesi has güýçli bolanda, biri-birinden aýryp bolmaýan birleşen kökler bolanda, saklanylmaga degişli, emma geçip bolmaýan akabaly kökler bolanda dişiň gemiseksiýasy we kökleriň amputasiýasy geçirilmeýär.

Gemiseksiýany dişiň endodontiýa bejergisinden we täjiniň petiklenmesinden soňra geçirýärler. Ortopedik stomatologiýada dişleriň aralaryny açmak üçin ulanylýan uzyn daşara taraplar üçin tegelek diş gyrgyjyň, howaly diş gyryjy enjamyň kömegi bilen dişiň täjini ikä bölýärler. Köki atagzy ýa-da gaňyrgaç bilen sogurýarlar. Kökara perdäni, şeýle hem dişiň galan böleginiň töwereginiň süňk dokumasyny saklap galmak gerek.

Köküň amputasiýasyny ýaňak ýa-da kentlewük tarapdan nemli barda-süňk bardaly kesim bölegi döredilenden we diş öýjüginiň degişli süňk diwary aýrylandan soňra geçirýärler. Köki uzyn inçe diş gyrgyjyň kömegi bilen kesýärler we gaňyrgaç ýa-da diş atagzysy bilen aýyrýarlar. Diş öýjüginiň ýiti süňk gyralaryny süňk kertgiji, uzyn diş ussaçylyk gyrgyjy bilen aýyrýarlar. Soňra süňk ýarasynyň zyýansyzlandyryjy ergin bilen arassaçylygyny geçirip, nemli barda-süňk bardaly kesim bölegini ýerine goýýarlar we tikin sapaklary bilen berkidýärler.

### 5.2.2.4. Dişleri täzeden oturtmak amallary (replantasiýa we transplantasiýa)

Dişiň replantasiýasy – bu sogrulan dişi onuň öz öýjügine oturtmak. Amala bolan görkezmeler, esasan, kökün ujunyň kesilip aýrylmasyndakylar bolup durýarlar. Emma, köplenç, köp kökli dişleri täzeden ýerine oturdýarlar. Şeýle hem amaly şikes periodontidinde, dişiň çykygynda, onuň ýalňyşlyk bilen sogrulmagynda, köp kökli dişiň köküniň ujy döwlende geçirýärler.

Dişi täzeden ýerine oturtmaklyga bolan garşy görkezmeler: täjiniň köp böleginiň döwülmegi, dişi sogurmak üçin ýaramsyz gurluş ýerleşiş ýagdaýy (ýaýraň kökler), diş öýjüginiň diwarynyň şikeslenmegi, parodontitde diş-diş eti kiseleriniň döremegi, parodontozyň II-III derejeleri.

Näsag amalyň bolup biläýjek netijeleri barada, diş sogrulanda onuň öýjüginiň diwarlaryna ýa-da onuň özüne şikes ýetip biljekdigi barada habardar edilýär. Amalyň öňünden ýerli taýýarlyk (dişiň daş örtüklerini aýyrmak, çüýräp dargan mylkykly kökleri sogurmak) geçirilýär. Agyrysyzlandyrma geçirilenden soňra täzeden ýerine oturdyljak dişi berkitmek üçin diş hatarlarynyň iki tarapyndan gelýän alýumin simden seýik taýýarlaýarlar. Seýik inçe sim bilen berkidilmezinden öň, täzeden ýerine oturdylýan dişe we onuň gapdalyndaky dişlere doly degmeýän edip ýasalýar. Agyrysyzlandyrma döränden soňra dişiň aýlaw bagjygyny kiçijik päki bilen ygtybarly goparýarlar we soňra dişi sogurýarlar. Sogrulan dişi fiziologik ergine ýerleşdirýärler. Diş öýjüginiň düýbünden düwür-düwür dokumalary gazap aýyrýarlar, ýüzleý pelte salýarlar.

Täzeden ýerine oturtmaga taýýarlygy bu dişiň ozal aýrylmadyk örtgülerini aýyrmakdan başlaýarlar we arassalama geçirilende, diş bagjygynyň galyndylaryna şikes ýetirmekden gaça durmaly. Soňra karioz boşlugy arassalaýarlar, diş boşlugyndan we kök akabalaryndan çüýrän dokumalary aýyrýarlar, akabalary fosfat-sement bilen doldurýarlar we kökleriň uçlaryny kesip aýyrýarlar. Wagt tygşytlamak üçin karioz boşlugy diş sogrulmazyndan öň arassalanylýar. Petiklenen dişi ýene-de fiziologik ergine ýerleşdirýärler. Dişi ony sogrulanda ulanylan atagzynyň kömegi bilen täzeden ýerine oturdýarlar. Dişiň üstünden 2-3 sany hasa tokgasy goýulýar we 15-20 *minutyň* dowamynda näsagyň äňlerini berk gysyp saklaýdarlar. Hasa tokgalary aýrylandan soňra ozal taýýarlanylyp goýlan alýumin seýigi inçe sim bilen berkidýärler. Şeýle hem täzeden ýerine oturdylan dişi berkitmek üçin çalt gataýan plastmassadan seýikleri ulanmak bolar. Ýiti we ýitileşen periodontitde gijikdirilen täzeden ýerine oturtmaklygy geçirýärler. Sogrulan we petiklenilen dişi täzeden ýerine oturdylýança +5°C şertlerde 5-6 günüň dowamynda ýokanja garşy dermanly fiziologik erginde saklaýarlar.

Diş sogrulýan wagty köküne we diş öýjüginiň diwarlaryna şikes ýetse, şeýle hem arassalanylýan wagty köki döwülse we has ýaýraň kökler sebäpli dişi öýjügine salyp bolmaýan halatlarynda täzeden ýerine oturtmak geçirilmeýär. Dişiň täzeden ýerine oturdylmagynyň giçki gaýrüzülmesiniň has ähmiýetlisi kökleriň we süňk dokumasynyň eremegidir. Bu täzeden oturdylan disiň süňke meňzeş häsiýetli birleşmesinde bolup geçýär.

Sogrulyp çykarylan dişi başga diş öýjügine oturtmaklyga transplantasiýa diýilýär. Käbir alym lukmanlar dişleriň gomotransplantasiýasyny teklip edýärler. Jesetden alnan dişleri çuňňur sowadýarlar we bu syna kabul edýäniň özge synanyň dokumalaryna bolan immunologik sygyşyksyzlygyny peseldýär, emma dokuma sygyşyksyzlygy doly aradan aýrylmaýar.

## 5.3. Dişýany dokumalaryň keselleriniň amal bejergileri

Dişýany dokumalaryň keselleriniň bejergisiniň amal usullaryna gazamak, dis etini kesmek, diş etiniň plastikasy, diş etini kesip aýyrmak, diş etinde döredilen kesim bölekli amal, öýjükli ösüntginiň süňk kemtikleriniň plastikasy, kesim bölegini gapdala süýşürmek, agyz bosagasynyň plastikasy, ýarçyklary we çekip duran ýerleri kesip aýyrmak degişlidir. Hirurgik bejergi dişlerdäki diş eti aşagyndaky daş örtgüleri, diş-diş eti kisesiniň düwür-düwür dokumalaryny, nemli öýjük örgünini, öýjükli ösüntginiň ýumşak süňk dokumasyny we köküň sementiniň çüýrän gatlaklaryny aýyrmak maksady bilen geçirilýär. Şonuň üçin hem amal bejergini keselleriň has irki döwürlerinde geçirmek gerek we olar ýerli bejergi çäklerinde saýlap alynýan usullaryň biri bolup durýar.

**Gazamak** – kesel netijesi bolan diş-diş eti kisäniň çuňlugy 4-5 *mm*-den geçmeýän halatynda 2-4 dişiň deňesinde geçirilýär. Gazamak ýerli agyrysyzlandyrma bilen doly arassaçylyk şertlerinde geçirilýär. Gural hökmünde dürli görnüşli ýiti bolan hirurgik çemçejikler, ilgençekler, çykaryjylar ulanylyp bilner. Dişleriň diş eti aşagyndaky daş örtgülerini, köküň sementiniň çüýrän ýerlerini, kesel netijesi bolan kisäniň içinden ösen düwür-düwür dokumalary we örtgi dokumany gazap aýyrýarlar. Gazamak netijesinde kisäniň iç ýüzi ýara öwrülýär hem-de ol gan lagtasy bilen dolýar. Amalyň jemleýji tapgyry bolsa çalt gataýan bejergi sargysyny goýmak bolup durýar. Bu amal işlenilýän ýer gönüden-göni görülmän diýen ýaly geçirilýänligi sebäpli kisäniň içindäki emele gelen zatlaryň doly aýrylmazlygy hem mümkin. Munuň netijesinde diş etiniň dişiň köki bilen bertik arkaly birleşmesi emele gelmän hem biler we geçirilen amal netijesiz bolar.



*60-njy surat.* Diş etini kesmegiň görnüşleri

*a* – ýarymaý şekilli; *b* – dik; *ç* – T-şekilli; *d* – kese.

**Diş etini kesmek.** Dişýany dokumalaryň keselleriniň netijesi bolan çuňňur kise çäklenen ýerde bolanda, esasan hem, güýçli täzeden ösmek çişme hadysalary bolsa, diş etini kesmek görkezilen. Ony ýerli agyrysyzlandyrma bilen, esasan, alynky dişleriň deňesinde ulanýarlar. Kisäni dikligine tutuş uzynlygy boýunça kesýärler. Göz astynda saklap diş-diş eti kisäniň içinde emele gelen zatlary oňat gazap aýyrýarlar. Amaly ketgut tikinleri goýmak bilen tamamlaýarlar (*60-njy surat*).

**Diş etiniñ plastikasy.** Dişara emzijekleriň ýa-da diş etiniň gyrasynyň ulalmaklygynda plastika amalyny geçirmek görkezilen. Onuň maksady diş etiniň kadaly suduryny döretmek, ýagny nemli bardanyň diş etinden geçiş ýygyrdyna endigan geçip gitmegini döretmek bolup durýar. Dokumalaryň artykmaç ösen ýerlerini aýyrmak bilen iýmit galyndylarynyň we diş ýokundysynyň aňsatlyk bilen aýrylmagyna şert döredilýär. Amal geçirilende, adaty usul bilen amal ýeri taýýarlanylýar we agyrysyzlandyrma geçirilýär. Päki bilen diş etiniň gyrasynyň ýa-da dişara emzijegiň ulalan ýerini kesip, bölekleýin aýyrýarlar we kadaly suduryny döredýärler. Dermanlar (wodorodyň öteturşusy) ýa-da zyýansyzlandyrylyp arassalanan hasa ýaglygy bilen gan saklaýarlar. Ýara ikilenç birleşme bilen bitýär (*61-nji surat*).



*61-nji surat.*
Diş etiniň plastikasy (kesilip aýrylmaga degişli ulalan diş etiniň bölegi çyzylan)

**Diş etini kesip aýyrmak** – kesel netijesi bolan diş-diş eti kisäniň çuňlugy boýunça diş etiniň gyrasynyň kesilip aýrylyp, gazamak netijesiz bolanda, diş etiniň nemli bardasynyň güýçli gopmagy bilen has bildirip duran artykmaç köpelmekliginde geçirilýär. Amaly ýerli agyrysyzlandyrma bilen bir gezekde 1-2 dişiň deňesinde amala aşyrýarlar. Diş etiniň gyrasy kesilip aýrylandan soňra, köküň we öýjükli ösüntginiň süňküniň açylan ýerlerini oňat gazaýarlar. Ýaranyň ýüzi soňra düwür-düwür dokuma bilen örtülýär we örtgi dokuma bilen bitýär. Ýara bitenden soňra, diş eti dişiň köküni ykjam gurşap alýar. Emma bu amalyň kemçiligi dişleriň boýunjyklarynyň we köküň bir böleginiň ýalaňaçlanmagy bolup durýar we bu ýagdaý gyzgyn-sowuk we himiki gyjyndyrmalaryň täsirinde olaryň güýçli agyrylaryna getirýär (*62-nji a,b suratlar*).



*a)* *b)*

*62-nji a, b suratlar.* Diş etini kesip aýyrmak:
*a* – diş-diş eti kisäniň diwarynyň kesilişiniň we aýrylyşynyň ugry; *b* – diş eti kesilip aýrylanyndan soňraky görnüş

**Diş etinde döredilen kesim bölekli amal.** Paradontitde bu amal keseliň II we II-III döwürlerinde, haçanda olar diş etiniň güýçli artykmaç köpelmegi we öýjükli süňk ösüntgileriň dik we kese çöküp kiçelmegi utgaşyp gelende maslahat berilýär. Amaly ýerli agyrysyzlandyrma bilen geçirýärler. Zeperlenen ýeriň gyralarynda zeperlenme çuňlugynyň beýikligi boýunça agyz we agyz bosagasy taraplardan diş eti we süňk bardasy iki ýerden dik (ýa-da 120° burç bilen) kesilýär, emma diş etiniň emzijekleri boýunça geçmeli däl. Keseligine diş etiniň gyrasy boýunça kesýärler. Nemli barda-süňk bardaly kesim bölegi

kütek ýol bilen goparýarlar, dişlerdäki örtgüleri, düwür-düwür dokumalary, öýjükli ösüntginiň süňk dokumasynyň zaýalanan ojaklaryny ykjam gazaýarlar. Soňra dişleriň boýunjyklaryna gabat gelýän diş etiniň gyrasyny tutuş kesel netijesi bolan diş-diş eti kiseleriň çuňlugynda kesip aýyrýarlar. Nemli barda-süňk bardaly kesim bölegini dişleriň boýunjyklaryna çenli ýetirip öz ýerine goýýarlar. Eger-de ol yzyna çekilýän bolsa we dişleriň boýunjyklaryna ýetmese, onda kesim böleginiň iç ýüzünde süňk bardasyny kesip, kesim bölegini süýndürýärler. Käbir alymlar kesim böleginiň aşagyna howasyz şertlerde guradylyp taýýarlanylan süňk ununy, emeli we başga maddalary salmagy teklip edýärler. Amaly ilki gapdal ýaralara, soňra bolsa dişara ýerler boýunça tikin goýmak bilen tamamlaýarlar (*63-nji a,b,ç suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*63-nji a, b, ç suratlar.* Parodontidiň düýpli amalynyň taslamasy:
*a* – kesilýän çyzyklar; *b* – nemli barda-süňk bardaly kesim bölegi goparylan, diş etiniň gyrasy kesilip aýrylan; *ç* – nemli barda-süňk bardaly kesim bölegi ýerine goýlan we tikilen

Bu amaly äňiň bir tarapynda ýa-da äňleriň ikisiniň hem bir tarapynda geçirmek bolar. Munuň ýaly ýagdaýlarda amaly we ondan soňraky gözegçiligi (7-10 gün) ýatymlaýyn bejergi şertlerinde geçirmek maslahat berilýär, emma onuň taýýarlygy bejergä ýerleşdirilmezinden öň geçirilmelidir.

Amaldan soňraky ilkinji 5-6 günüň dowamynda az şikes ýetiriji iýmit maslahat berilýär. Lukman her gün ýaranyň amaldan soňraky bitişine gözegçilik etmelidir we hasa dykyjyklaryny ýa-da hasa tokgalaryny ulanyp zyýansyzlandyryjy erginler bilen (furasilin, kaliý permanganaty we ş.m.) agyz boşlugynyň arassaçylygyny geçirmelidir.

**Öýjükli ösüntginiň süňk kemtikleriniň plastikasy.** Aýry-aýry dişleriň ýanynda öýjükli ösüntginiň (bölekleriň) dik ýerleşen süňk kemtiklerini (süňk kiselerini) näsagyň owradylan öz süňki, şeýle hem howasyz şertlerde guradylan, formalinde taýýarlanan jeset süňki bilen geçirilen plastika bilen düzedip bolýar diýlip hasap edilýär. Süňk kiseleriň näsagyň öz süňki bilen geçirilen plastikasynda oňat netijeler alyp bolýar. Amal öýjükli ösüntginiň (öýjükli böleginiň) diňe dik kemtiklerinde, haçanda diş köküniň iki ýa-da üç tarapynda süňk diwary bolanda we diňe bir tarapynda kemtik bolanda görkezilendir. Başga ýagdaýlarda, aýratyn hem öýjükli ösüntgi keseligine çökende, süňk plastikasy arkaly onuň beýikligini uzaldyp bolmaýar. Amalyň öňündäki taýýarlyk agyz boşlugynyň zyýansyzlandyrylmagynda, gaty diş örtükleriniň, dişýany dokuma kiselerinden

kesel zeperlenme düwür-düwür dokumalaryň aýrylmagynda, dişleriň çeýneýişden çykarylmagynda we yrgyldaýan dişleriň seýiklenilmeginde, şeýle hem umumy beden berkidiji bejergi usullaryny ulanmakda jemlenendir.

Sebitleýin we siňdirme sanjym agyrysyzlandyrma geçirilýär, öýjükli ösüntgini (öýjükli bölegiň) kemtiginden gapdala azyndan bir dişiň täjiniň inine (1,5 *sm-e* çenli) süýşüp, dörtburç şekilli, käwagt bolsa tirsek şekilli kesip, nemli barda – süňk bardaly kesim bölegini emele getirýärler we ony 4-6 dişiň deňesinde süňk kiseleriniň düýbüniň derejesine çenli goparýarlar. Oňat görmek bilen dişleriň kökleriniň açylan tarapynda süňk kiselerinden düwür-düwür zeperlenme dokuma we diş ýokundy galyndylary aýyrýarlar. Päki ýa-da gaýçy bilen düwür-düwür zeperlenme dokumalary we kesim böleginiň iç ýüzüne ösen örtgi dokumany aýyrýarlar, diş etiniň mürşen gyrasyny kesip aýyrýarlar. Süňk kisesini owradylan süňkden ýeňillik bilen doldurýarlar we ol gan siňen ýerde hem-de gan lagtasynyň içinde ýatar ýaly edilýär. Owradylan süňk bölejikleriniň dykyz ýerleşdirilmegi olara gan siňmegine päsgel berýär we bu amalyň netijelerine oňaýsyz täsir edip biler. Ýaranyň gyralaryny daşara yşlar boýunça poliamid sapaklar bilen, bosaga tarapdaky dik ýaralary bolsa ketgut bilen tikýärler.

Amaldan soňraky 7-10 günüň dowamynda suwuk naharlar bilen naharlanmagy, agyz boşlugyny wagtly-wagtyna zyýansyzlandyryjy erginler bilen çaýkamaklygy, kähalatlarda sulfanilamid dermanlary, ýokanja garşy dermanlary (görkezmeler boýunça) belleýärler. Amaldan soňraky döwürde diş etiniň kiselerini dürtgüç bilen barlamak we ýuwmak bolmaýar. Amalyň gutarnykly netijesi 2 aýdan kesgitlenilýär. Bu wagta çenli süňküň täzeden bitmek hadysalary tamamlanýar we süňk kisesiniň çäklerinde öýjükli ösüntginiň kemtigi bölekleýin ýa-da doly täze emele gelen dokuma bilen dolýar.

**Kesim bölegini gapdala süýşürmek.** Amala dişiň köküniň ýalaňaçlanmagy, dişiň köküne berkeýän diş etiniň gysgalmaklygy ýa-da olaryň ikisiniň hem bolmaklygy görkezme bolup durýar. Gapdalyndaky dişleriň kökýany dokumalarynyň sagdyn bolmagy hökmandyr.



*a)* *b)*

*64-nji a, b suratlar.* Kesim böleginiň gapdala süýşürilmegi:
*a* – dişiň köküniň ýalaňaçlanan ýeriniň gyrasy boýunça diş etini kesip aýyrmak we kesim bölegini döretmek üçin geçirilýän kesimiň çyzygy; *b* – kesim bölegi süýşürilenden soňraky görnüş

Ýerli agyrysyzlandyrma bilen (has gowusy sebitleýin görnüşi) dişiň köküniň ýalaňaçlanan ýeriniň gyrasy boýunça diş etiniň zolajygyny kesip aýyrýarlar (*64-nji a, b suratlar*). Süňk bardaly – nemli barda kesim bölegi bilen ýapyljak ýeriň süňküni açýarlar we ol ýeri arassalaýarlar. Soňra süňke çenli edip diş etiniň gyrasyndan geçiş ýygyrdyna çenli, diş köküniň açylan ýerinden 1-2 diş süýşüp kesýärler. Ikinji kesimi birinji kesimden başlap köküniň açylan ýeri bolan dişe çenli diş etiniň gerşi boýunça (dişleriň boýunjyklarynyň ýany boýunça) kesýärler. Süňk gopargyjy bilen süňk bardaly nemli barda kesim bölegini boşadýarlar we ol dişiň köküniň ýalaňaçlanan ýerini ýapar ýaly edip, gapdala süýşürýärler. Tikinleri ilki dik ýara boýunça goýýarlar, soňra bolsa diş etiniň emzijekleri boýunça goýýarlar. Kesim böleginiň süýşürilmegi netijesinde süňk açylyp dörän ýarany kiçeltmek üçin geçiş ýygyrdyndan başlap, 1-2 sany ketgut tikinlerini goýmak bolar. Kesim bölegi alnan ýerdäki ýara ikilenç birleşme netijesinde bitýär.

**Agyz bosagasynyň plastikasy.** Bu amala agzyň pes geçiş ýygyrdy we inçejik zolakly birleşen diş eti görkezme bolup durýar.

Geçiş ýygyrdy boýunça pes agyz bosagasynyň tutuş uzynlygy boýunça süňk barda çenli kese nemli barda kesimi geçirilýär (*65-nji a surat*). Dişleriň kök uçlaryna tarap ýeterlik çuňlukdaky agyz bosagasy döreýänçä ýumşak dokumalary süňk bardasyndan kütek ýol bilen goparýarlar (*65-nji b surat*). Nemli bardanyň ýarasynyň gyrasyny agyz bosagasynyň täze döredilen çuň ýeriniň süňk bardasyna tikýärler (*65-nji ç surat*). Öýjükli ösüntginiň açyk ýarasy emele getiriji gorag plastmassa örtügi bilen saklanylýan kseroformly hasanyň aşagynda ikilenç birleşme bilen bitýär.



*a)* *b)* *ç)*

*65-nji a, b, ç suratlar.* Agyz bosagasynyň plastikasy:
*a* – nemli bardanyň kesilişi; *b* – ýumşak dokumalary süňk bardasyndan goparmak;
*ç* – amaldan soňraky görnüş

Amaldan soňraky döwürde agyry aýryjy we ýokanja garşy dermanlar bellenilýär.

## 5.4. DIŞ ÇYKMAKLYGYNYŇ KESELLERI WE OLARYŇ AMAL BEJERGILERI

### 5.4.1. Aşaky äňiň üçünji uly azysynyň kynlyk bilen çykmagy

Aşaky äňiň üçünji uly azysynyň kynlyk bilen çykmagynyň esasy sebäbi aşaky äňde ýeriň ýetmezçiligi bolup durýar. Ýaramsyz ýerleşiş gurluş şertleriň netijesinde üçünji uly azyny gurşap alan dokumalarda çişme hadysalary döreýär (perikoronarit, azy yzy periostit, äňýany abssesler we flegmonalar).

Doly çykmadyk aşaky äňiň üçünji uly azysynyň täjini örtýän nemli barda ýokarky äňiň dişleri tarapyndan şikeslenýär, çişme hadysasy döreýär; mundan başga-da, üçünji azynyň täjiniň çeýneýiş tarapy bilen çişme ýagdaýyndaky nemli bardanyň gyrasynyň arasynda emele gelen kisäniň içine kesel dörediji ýokançlar, olaryň çüýreme galyndylary, iýmit bölejikleri düşýär hem-de onuň netijesinde ýiti perikoronarit döreýär. Bu dişiň töwereginiň nemli bardasy ýellenýär we gyzarýar, onuň şikeslenýän ýerlerinde ýara döreýär. Onuň sallanyp duran gyrasynyň aşagyndan iriň çykýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda çişme hadysa esasy çeýneýiş we içki ganat şekilli muskullaryň töweregine ýaýraýar, ýuwdunanda agyry we äňleriň gysylmagy döreýär. Äňasty limfa düwünleriň ulalmagy bilen bile geçýän azy yzy periostidi ýüze çykýar. Azy yzy periostitde bedeniň gyzgyny 37,5-38°C-ä çenli ýokarlanýar. Aşaky äňiň üçünji uly azysynyň kynlyk bilen çykmagy netijesinde has agyr gaýrüzülmeler hem döräp bilýär: absses, flegmona, aşaky äňiň osteomiýelidi. Çişme ojagynyň uzak wagtyň dowamynda saklanmagy we dişiň boýunjygynyň daş-töwereginde düwür-düwür dokumanyň ösmegi süňküň degip duran ýerleriniň zaýalanmagyna getirýär. Süňk dokumasynyň has güýçli zaýalanmasynda dişýany kistanyň emele gelmegi mümkin.

Aşaky äňiň üçünji uly azysyny sogurmagy aşakdaky görkezmeler boýunça geçirýärler: a) ýumşak dokumalaryň çişme hadysasynyň birnäçe gezek gaýtalanmagy (perikoronarit, azy yzy periostidi); b) degşip duran süňk dokumasynyň zaýalanmasynyň ýüze çykmagy; ç) äňiň öýjükli ösüntgisinde ýeriň ýoklugy netijesinde dişiň çykyp bilmezligi; d) ýaňagyň nemli bardasyna üznüksiz şikes ýetirýän dişiň nädogry ýerde ýerleşmegi.

Haçanda aşaky äňiň üçünji uly azysy dogry ýagdaýda bolsa we ikinji uly azy bilen äňiň şahasynyň öň tarap gyrasynyň aralarynda ýeterlik ýer bolan halatynda, doly çykmadyk dişiň täjiniň üstündäki nemli bardanyň gyrasyny kesip aýyrýarlar. Ýaranyň ýüzüni köýdürmek maksadalaýykdyr. Nemli bardanyň gyrasyny dilmeklige wagtlaýyn çäre hökmünde garamaly we ony diňe ýiti döwürde, äňleriň güýçli gysylmasy bolan ýagdaýynda geçirmek bolar. Şeýle hem çişmä garşy (derman we fiziki) we umumy beden berkidiji bejergi geçirilýär. Ýiti çişme alamatlary aýrylyşandan soňra düýpli bejergi geçirýärler (dişi sogurmak ýa-da nemli

bardanyň gyrasynyň doly kesilip aýrylmagy). Käbir hassahanalaryň tejribesiniň görkezmeklerine görä, häzirki zaman agyrysyzlandyrma usullarynda dişi sogurmak ýiti döwürde hem amala aşyrylyp bilner. Çykmadyk ýa-da nädogry ýerleşen aşaky üçünji azylary sogurýarlar (*66-njy a, b, ç*; *67-nji a, b, ç, d suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*66-njy a, b, ç suratlar.* Aşaky äňiň çykman galan üçünji azysynyň rentgen suratlary:
*a* – ikinji uly azy dişe direlip duran; *b* – äňiň şahasynyň öň gyrasyna direlip duran;
*ç* –başaşak ýerleşen



*a)* *b)* *ç)* *d)*

*67-nji a, b, ç, d suratlar.* Aşaky äňiň doly çykmadyk üçünji azysyny sogurmak:
*a* – süňk bardaly – nemli barda kesim bölegini döretmek üçin geçirilýän kesim;
*b* – kesim bölegi goparylan, gapdala çekilen we diş gyrgyç bilen dişiň täji we köki açylan;
ç – gaňyrgaç bilen diş sogrulan; *d* – kesim bölegi ýerine goýlan we tikilen

## 5.4.2. Çykman galan ýa-da ýarym çykan dişleri, şeýle hem ýalňyş çykan dişleri sogurmak

Çykman galan ýa-da ýarym çykan dişleri, şeýle hem ýalňyş çykan dişleri şu görkezmeler boýunça sogurýarlar: a) üç şahaly nerwiň şahalarynyň gysylandaky agyry alamat görnüşli newralgiýada ýa-da newritde; b) dişi gurşap alan dokumalardaky ýygy-ýygydan gaýtalanýan çişme hadysada; ç) zeperlenme «süňk kisesiniň» (boşlugynyň) bolmagy; d) şikes ýetmegi; e) işjeňlik we owadanlyk bozulmasynda. Äňleriň iki tarapdan alnan rentgen suratlary diňe bir çykman galan dişiň barlygyny kesgitlemäge ýol bermän, eýsem, onuň gapdalky dişler, burun boşlugy, ýokarky äň boşlugy we aşaky äň akabasy bilen gatnaşygyny hem ýüze çykarmaga ýol berýär. Käbir ýagdaýlarda amal wagty gapdalky dişiň kôküniň açylmak mümkinçiligi sebäpli ol dişiň pulpasyny aýyrýarlar.



a) b)

*68-nji a, b suratlar*. Çykman galan ýokarky äňiň gyýak (*a*) we aşaky äňiň ikinji kiçi azy (*b*) dişleri (rentgen suratlar)



a) b)



ç) d) e)

*69-njy a, b, ç, d, e suratlar*. Ýokarky äňiň çykman galan dişlerini sogurmak üçin süňk bardaly-nemli barda kesim bölekleriniň döredilişi we amalyň geçirilişi:
*a*, *b* – agyz bosagasy tarapdan öýjükli ösüntgide; *ç*, *d*, *e* – kentlewük tarapdan

Amal üçin kentlewük tarapdan barlyş ýoly munuň ýaly taýýarlygy talap etmeýär. Ýarym çykan aşaky üçünji uly azy sogrulanda, has köp kynçylyklar döreýär. Çykman galan we ýarym çykan dişi sogurmak amaly dişiň adaty däl sogrulyşyndan känbir tapawutlanmaýar (*68-nji a,b*; *69-njy a, b, ç, d, e suratlar*).

# VI BAP

# ÄŇLERIŇ WE ÄŇÝANY DOKUMALARYŇ ÇIŞME KESELLERI

## 6.1. ÇIŞME KESELLERIŇ KESEL BÖLÜNIŞIGI

Hirurg stomatologyň kömegine mätäç ýüzüniň ýumşak dokumalarynyň we äňleriniň dürli iriňli çişme keseli bolanlar ähli näsaglaryň 35-60%-ini tutýar. Äň-ýüz töwereginiň çişme keselleri, köplenç, gelip çykyşy boýunça diş sebäpli bolýar. Keselleri geçişi boýunça aşakdaky görnüşlere bolýärler.

A. Äňleriň periostitleri (geçişi boýunça):
- a) ýiti;
- b) üznüksiz.

B. Äňleriň osteomiýelitleri.
- a) geçişi boýunça:
  - 1) ýiti;
  - 2) ýarym-ýiti;
  - 3) üznüksiz;
  - 4) ýitileşen üznüksiz.
- b) keseliň ýaýramagynyň häsiýeti boýunça:
  - 1) çäklenen;
  - 2) ýaýraň.

Ç. Abssesler we flegmonalar:
- a) ýüzüň;
- b) äň ýany;
- ç) agyz boşlugynyň düýbüniň;
- d) bokurdak ýany;
- e) diliň;
- ä) boýnuň.

D. Ýüzüň we boýnuň limfadenidi, limfangiti we adenoflegmonalary.

## 6.2. ÄŇLERIŇ DIŞ SEBÄPLI ÝITI PERIOSTIDI

Äňleriň diş sebäpli ýiti periostidi – bu dişleriň we dişýany dokumalarynyň kesselleriniň gaýrüzülmeleri görnüşinde ýüze çykýan çişme keseldir. Köplenç, ol öýjükli ösüntginiň süňk bardasynyň birnäçe dişiň deňesinde çäklenen çişmesi görnüşinde geçýär, seýrek ýagdaýlarda çişme alamatlary äňiň bedeniniň süňk bardasyna tarap ýaýraýar.

Äňleriň periostidi bolan näsaglar Stomatologiýa merkezlerinde (Saglyk öýlerinde) bejergi alýan ähli hirurgik stomatologik näsaglaryň 10-15%-den köpüsini tutýarlar we äň-ýüz töwereginiň ýiti çişme keseli bolan näsaglaryň 70-80%-ini tutýarlar.

**Keseliň geçişi.** Keseliň başlangyç döwri käbir näsaglarda ýiti başlanýar, çişme alamatlary sagatma-sagat artýar, başgalarda bolsa kesel haýal, 1-2 günüň dowamynda geçýär. Bu döwürde olaryň özüni duýuşlary erbetleşýär, gowşaklyk we endam agyrysy döreýär, bedeniň gyzgyny ýokarlanýar. Kellagyry döreýär, işdäsi peselýär, ukusy bozulýar.

Näsaglar ýokanjyň başlangyjy bolan dişiň töweregindäki agyrynyň üç şahaly nerwiň şahalarynyň ugry boýunça çekgä, gulaga, göze, boýna ýaýraýan, äňiň degişli tarapynda bolan çydap bolmaýan agyrylar bilen çalyşýandygyny belleýärler. Soňra agyrylaryň depgini peselýär we olar sorkuldaýan häsiýete geçýärler.

Süňk bardasynda çişme hadysanyň döremegi bilen äňýany ýumşak dokumalaryň ýellenmesi emele gelýär. Ýellenmäniň ýerleşişi, adatça, birmeňzeş we ol, esasan, ýokanjyň başlangyjy bolan dişiň ýerleşýän ýerine bagly bolup durýar. Ýellenme keseliň ilkinji günleri has güýçli bildirýär, soňraky günler ol biraz kiçelýär we öýjükli dokuma gatlagy boýunça aşaklygyna, goňşy ýerlere ýaýraýar.

Ýellenen dokumalaryň üstünden deri dartylan, onuň reňki, adatça, üýtgemedik. Sebitleýin limfa düwünleri ulalan we el barlagy geçirilende agyryly bolýar.

Agyz boşlugyndaky üýtgeşmeler has häsiýetlidir. Birnäçe dişiň deňesinde diş etiniň geçiş ýygyrdynyň we ýaňagyň nemli bardasynyň gyzarmasy we ýellenmesi döreýär. Agyz boşlugynyň kadaly arassalanmaýanlygy sebäpli onuň nemli bardasy ýokundy bilen örtülýär. Onda dişleriň täçleriniň daş taraplarynyň yzlary peýda bolýar.

Keseliň başlangyç döwründe geçiş ýygyrdy düzlenýär, el barlagy bilen onuň aşagynda dykyz we ýiti agyryly gataňsylyk kesgitlenilýär. Keseliň iriňli görnüşe geçmegi we iriňiň öýjükli ösüntginiň süňk bardasynyň aşagynda ýygnanmagy bilen geçiş ýygyrdy boýunça ganawjyk şekilli pakgarçak – süňk bardasty absses emele gelip başlaýar. Kähalatlarda mylkyldy kesgitlenilýär. Gitdigiçe iriň süňk bardasyny eredýär we nemli bardanyň aşagyna akyp başlaýar hem-de şeýlelik bilen, süňk bardasty absses emele getirýär.

Ýokanjyň başlangyjy bolan diş barlananda, köplenç, onuň boşlugynyň we kök akabalarynyň çüýrän maddalar bilen dolandygy ýüze çykarylýar. Käwagt ol diş petiklenen bolýar, käwagt bolsa onuň boýunjygynyň ýa-da kökünіň ýanynda çuňňur zeperlenme diş-diş eti kise bolýar. Bu döwürde dişiň kakylyp geçirilen barlagynda agyry duýgulary pes bildirýär ýa-da asla bildirmeýär.

Ýiti periostitde äňiň öýjükli ösüntgisiniň we bedeniniň rentgen suratynda üýtgemeler ýüze çykarylmaýar.

Periostit, köplenç, öýjükli ösüntginiň agyz bosagasy tarapyndan, birnäçe dişiň deňesindäki süňk bardanyň çäklenen çişme keseli görnüşinde geçýär.

Bile geçýän keseli bolan bedeni gowşak adamlarda umumy ýagdaý has-da erbetleşýär. Adatça, bedeniň gyzgyny 37,3–37,8°C aralygynda ýokarlanýar. Ke-

seliň doly ýüze çykan döwründe gan barlananda, ganyň ak öýjükleriniň sanynyň 10,0-12,0 x10$^{9/l}$ aralygynda köpelendigi kesgitlenilýär. Ganyň ak öýjükleri tarapyndan, köplenç, bölek maňyzly (70-75%-e çenli) we taýajyk maňyzly (8-20%-e çenli) öýjükleriň sanynyň köpelmeginiň hasabyna döreýän neýtrofilleriň artmagy ýüze çykarylýar. Şol bir wagtda limfositleriň (10-20%-e çenli) we eozin reňkli öýjükleriň göterim sanlary azalýar. Kesel başlandan birnäçe gün soňra EÇT sagatda 15-20 *mm/sag*-a çenli ýokarlanýar. Ýokarda aýdylan gan görkezijileriniň üýtgemeleri, esasan, näsaglaryň bedeniniň kesele garşy ýokary işjeňlik jogap görnüşine mahsus bolup durýar. Peşew barlananda, näsaglaryň aglabasynda üýtgemeler ýüze çykarylmaýar.

**Tapawutlandyryş anyklamasy.** Äňiň ýiti iriňli periostidini ýiti periodontitden, osteomiýelitden, abssesden we flegmonadan, tüýkülik mäziň çişmesinden, limfadenitden we äň-ýüz töwereginiň beýleki ýiti çişme kesellerinden tapawutlandyrmak gerek.

Absses we flegmona, edil periostit ýaly ýüzüň ýellenmesi bilen ýüze çykýar. Kesel kesgitlemesi goýlandaky ýalňyşlyklar periostitde döreýän ýüzüň dokumalarynyň daşgyn ýaýran ýellenmesine gataňsylyk hökmünde baha berilmegi bilen düşündirilýär. Gataňsylyk näçe çäklenen bolsa-da hemişe gaty bolýar, ýellenen dokumalar bolsa ýumşak bolýar. Eger-de flegmona ýüzleý ýerleşýän bolsa, onda gataňsylyk üstüniň derisi dartylýar, ýalpyldaýar, soňra bolsa gyzarýar. Absses dörände bulkuldy ýüze çykýar. Flegmonanyň emele gelmegi hemişe näsagyň bedeniniň synalary we ulgamlary tarapyndan periostite garalandakydan has güýçli bozulmalary döredýän ýokary zäherlenme bilen bolup geçýär.

Aşaky äňiň dil tarapdan dörän periostidinde dilasty töweregiň ýellenmesine ýalňyşlyk bilen dilasty boşlugynyň abssesi ýa-da äň-dil ganawjygynyň abssesi diýip baha berilýär. Periostit bu çişme kesellerden ilkinji nobatda gataňsylygyň ýerleşişi bilen tapawutlanýar. Periostitde gataňsylyk öýjükli ösüntginiň töwereginde ýerleşýär, dilasty boşlugyň abssesinde we äň-dil ganawjygynyň abssesinde bolsa olara degişli ýerlerde ýerleşýärler.

Kähalatlarda periostidi dilasty ýa-da äňasty tüýkülik mäzleriniň we olaryň akabalarynyň çişmesi hökmünde kabul edýärler. Emma periostitde tüýkülik mäzleri hiç haçan çişme keseline çekilmeýärler we şol sebäpli hem ýumşak, agyrysyz hem-de ölçegleri ulalmadyk bolýar. Periostitde bu tüýkülik mäzleriniň akabalaryndan arassa tüýkülik çykýar we bu tüýkülik mäz çişmesine mahsus däldir.

Ýiti limfadenitde periostitde bolşy ýaly, ýüzüň degişli ýeriniň dokumalarynyň ýellenmesi döreýär. Ýellenen dokumalary el bilen barlag etmek bilen limfadenit kesel hadysasyna çekilen limfa düwni, käwagt bolsa güýçli bildirýän onuň daş-töwereginiň çişme hadysa alamatlary bolan limfa düwni kesgitlenilýär. limfadenitde süňk bardasynyň gataňsylygyny we periostidiň beýleki alamatlaryny ýüze çykaryp bolmaýar.

**Bejergisi.** Äňleriniň ýiti iriňli periostidi bolan näsaglaryň öz wagtynda geçirilen hirurgik amal bilen utgaşdyrylan derman we fiziki bejergisi oňat netijeler berýär.

Diňe keseliň başlangyç döwründe, öýjükli ösüntginiň süňk bardasynyň sähelçe gataňsylygy bolan ýagdaýynda amalsyz bejermeklige ýol berilýär. Diş boşlugyny açýarlar, kök akabalaryň çüýrüntgilerini aýyrýarlar we suwuklyk akar ýaly şert döredýärler. Ýerli ýokanja garşy we fiziki usullar (HÝÝ elektrik meýdany) bilen bilelikde geçirilen bu bejergi çişme hadysasynyň aýrylmagyna getirip biler. Emma äňleriň periostidinde näsaglaryň lukmana, köplenç, çişme gataňsylygy döwründe, gataňsylygyň iriňli eremeginde (mylkyldynyň bolmaklygy) ýüz tutýandyklary sebäpli, esasy bejergi çäresi çişme ojagyny kesip ýarmak – periostotomiýa amalyny geçirmek we dörän iriňiň erkin akmaklygyny üpjün etmek bolup durýar. Mylkyldynyň bolmazlygyny kesmeklige bolan garşy görkezme diýip kabul edilmeli däldir, sebäbi gataňsy süňk bardasyny heniz iriň bilen eremänkä kesmek, onuň çişme hadysasynyň doly yzyna gaýdyp, aýrylmagyna getirýär.

Amaly şowly geçirmek üçin kesiljek ýeriň dokumalarynyň oňat agyrysyzlandyrylmagyny gazanmak gerek. Köplenç, munuň üçin ýerli agyrysyzlandyrmany – sebitleýin we siňdirme agyrysyzlandyrmany ulanýarlar. Agyrysyzlandyryjy hökmünde trimekainiň 1-2%-li erginini ýa-da lidokainiň 1-2%-li erginini ulanmak gerek, onuň sebäbi-de – iriňli çişmede nowokain az netijelidir.

Siňdirme agyrysyzlandyrmada agyrysyzlandyryjy ergini gataňsylygyň serhetleri boýunça, zeperlenmedik dokumalara goýberýärler. Käbir näsaglarda görkezmeler bolan ýagdaýynda, amal umumy agyrysyzlandyrma ýagdaýynda geçirilip bilner.

Periostitde dokumalary kesmekligi 1,5-2,5 *sm* uzynlykda amala aşyrýarlar we bu ýagdaýda geçiş ýygyrdy boýunça nemli barda hem-de süňk bardasy bilelikde süňke çenli kesilýär. Iriňiň aňsat akmaklygy we ýaranyň gyralarynyň biri-birine ýelmeşmezligi üçin, onuň içine 3-4 günläp rezin elliklerden ýa-da polietilen maddadan taýýarlanan ýukajyk, insiz zolaklary salýarlar (*70-nji surat*).



*70-nji surat.* Periostotomiýada kesim geçirilişi

Gaty kentlewükde ýerleşen süňk bardasty iriňli ojagy ýarylanda, onuň diwaryndan – ýumşak dokumalardan uly bolmadyk bölegini kesip aýyrýarlar (üçburç ýa-da süýri görnüşde we bu ýaranyň gyralarynyň biri-biri bilen ýelmeşip bilmeýändikleri sebäpli, onuň suwuklygynyň oňat akyp durmagyny üpjün edýär).

Süňk bardasty iriňli ojagy kesip ýarmak bilen birwagtda keseliň başlangyjy bolan dişi saklap galmak maksadalaýyk däl bolsa, onda ol dişi sogurýarlar. Bu tä-

jiniň köp bölegi döwlen, işjeňlik gymmatlygy bolmadyk dişler we adaty usullar bilen bejerip bolmaýan kök akabasy geçip bolmaýan, yrgyldaýan dişlerdir. Başga ýagdaýlarda dişi saklaýarlar. Çişme hadysasy aýrylandan soňra, ony bejerýärler we petikleýärler. Käbir näsaglarda kökün ujunyň kesilip aýrylmaklygy, gemiseksiýa görnüşinde hirurgik bejergi geçirýärler.

Süňk bardasty iriňli ojagy kesip ýarmak amalyny we diş sogurmagy elmydama birwagtda geçirip bolmaýar. Näsagyň umumy ýagdaýy agyr bolanda, şeýle hem dişi sogurmak düýpli usuly kynçylyklar döredende (ýalňyş ýerleşen ýa-da çykmadyk diş we ş.m.) bu amaly birnäçe günden soň, haçanda ýiti çişme alamatlar azalandan soňra ýa-da aýrylandan soňra, geçirseň gowy bolýar.

Amaldan soňra 2-4 günüň dowamynda ýarany zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwmaly we iriň çykaryjy zolagy çalşyryp durmaly, şeýle hem çişme gataňsylygynyň tiz wagtda aýrylmagy üçin agyz boşlugyny günde 4-6 gezek kaliý permanganatynyň (1:3000) ýa-da natriý bikarbonatynyň 1-2%-li ýyly (40-42°C) erginleri bilen çaýkamak bellenilýär. Bu döwürde *HÝÝ* elektrik meýdany, flýuktuorizasiýa, pes güýji bolan geliý-neon lazeriniň şöhleleri oňat netije berýär. Çişme gataňsylygynyň aýrylmagyna, esasan, gijesine goýulýan ýyladyjy ýagly melhem sargylary, gündizine bolsa gurak ýylylyk (sollýuks çyrasy) ulanylýar.

Ýiti periostidiň başlangyç döwründe, şeýle hem amaldan soňra näsaglara sulfanilamidleri (norsulfazol, sulfadimezin, sulfametoksin ýa-da biseptol), pirazolonyň önümleri (analgin), gistamine garşy (dimedrol, diazolin, suprastin), kalsiniň dermanlary (kalsiý hloridiniň ergini, kalsiniň glýukonaty ýa-da laktaty), witaminleri (aýratyn hem C witamin) bellemek maksadalaýykdyr. Bedeniniň kesele garşy pes işjeňlik jogaby bolan gowşak näsaglarda, kesel agyr geçende, şeýle hem äňiň süňk bardasynyň çişme keseliniň äňiň süňk bardasynyň esli bölegine ýaýranda ýokançlara garşy dermanlary ulanmak görkezilen.

Ýokarky äňiň periostidinde keşp muskullarynyň bozulan işjeňligini dikeltmek üçin, şeýle hem äňleriň gysylmasynda ýörite bejeriş maşklaryň toplumyny ulanýarlar.

## 6.3. ÄŇIŇ ÜZNÜKSIZ PERIOSTIDI

Äňiň üznüksiz periostidi seýrek duş gelýär. Çişme hadysa, köplenç, aşaky äňiň süňk bardasynda ýüze çykýar we bedeniň kesele garşy pes işjeňligine çişme jogap görnüşi hökmünde geçýär. Keseliň beýle geçmekligi ilkinji ýa-da ikilenç immun ýetmezçilik keseli ýa-da ýagdaýy bolan näsaglarda ýüze çykarylýar. Çagalarda we ýetginjeklerde, köplenç, keseliň başlangyç – üznüksiz geçişi ýüze çykarylýar.

Kesel uzak geçýär we 8-10 aýdan birnäçe ýyla çenli dowam edip biler.

Geçişi boýunça daşky gözden geçirmede ýüzüň keşbiniň sähelçe bozulmaklygy ýüze çykarylýar. El bilen barlanylanda, süňküň agyrysyz gaty galňamaklygy ýüze çykarylýar. Aşaky äňasty töwerekde ulalan, gaty dykyzlykly, agyrysyz ýa-da

sähelçe agyryly 2-3 limfa düwni döreýär. Agyz boşlugynda 4-5 sany dişiň deňesinde öýjükli ösüntgini örtýän we geçiş ýygyrdynyň ýellenen we gyzaran nemli bardasy görünýär. Öýjükli ösüntgi el bilen barlanylanda, äňiň süňk barda arkaly galňanlygy hem-de onuň aşaky äňiň bedenine geçip gidýänligi bildirýär.

Rentgen suratda äňiň süňk bardasynyň galňanlygynyň kölegesi görünýär. Uzak wagtlap geçende, aýratyn hem çagalarda, rentgen suratda aşaky äňiň gyrasy boýunça süňküň täze emele gelen ýerleri ýüze çykarylýar. Gat-gat gurluşy, käwagt dikligine çyzyklylyk, şeýle hem täze emele gelen süňküň tertipsiz gurluşy oňat görünýär.

Äňiň periostidiniň üznüksiz görnüşini birnäçe çişlerden we çişe meňzeş kesellerden tapawutlandyrmak gerek.

**Bejergisi.** Üznüksiz periostidiň bejergisini kesel ojagyny – sebäpkär dişi aýyrmakdan başlaýarlar. Bejerginiň fiziki usullaryny ulanýarlar: dimedroly, dimeksidi, kalsiý hloridi, kaliý ýodidi elektrik togunyň kömegi bilen siňdirmek, şeýle hem geliý-neon lazer şöhleleri bilen bejergi. Geçirilýän bu bejergi peýdasyz bolanynda, esasan hem, kesel uzak wagtlap dowam edende täze emele gelen çişme hadysanyň netijesi bolan süňk dokumany kesip aýyrýarlar.

**Keseliň geljeginiň çaklamasy.** Äňiň üznüksiz periostidinde keseliň geljeginiň çaklamasy oňaýly. Kesel süňk bardasyndan süňke geçip bilýär we bu ýagdaýda üznüksiz osteomiýelidiň süňk galňama görnüşi emele gelýär. Keseliň ýitileşmesinde ýa-da amaldan soňraky döwürde näsaglar ortaça 3-6 günüň dowamynda zähmete ukypsyz bolýarlar.

Keseliň öňüni alyş çäreleri üznüksiz diş ýokanç ojaklaryny ýok etmekde, bedeniň goranyş ukybynyň bozulmalaryny düzetmekde jemlenendir.

## 6.4. ÄŇIŇ DIŞ SEBÄPLI OSTEOMIÝELIDI

Äňleriň osteomiýelidi süňkde we ony gurşap alan dokumalarda döreýän ýokançly iriňli-çüýreme keseldir.

**Kesel bölünişigi.** Äňleriň osteomiýelitleri diş sebäpli, şikes sebäpli, gan bilen geçen we mahsusy bolup bilýärler. Has ýygy diş sebäpli osteomiýelitler duş gelýärler. Olary geçişi boýunça üç görnüşe bölýärler: ýiti, ýarym-ýiti we üznüksiz.

Keseliň eýeleýän ýerine baglylykda osteomiýelit çäklenen we ýaýraň bolup biler. Çäklenen osteomiýelitde kesel hadysa iki-üç dişiň, dişýany dokumalaryň çäklerinde ýerleşen. Ýaýraň osteomiýelit äňiň ýarysynyň ýa-da hemme ýeriniň tutuşlaýyn zeperlenme alamatlary bilen häsiýetlendirilýär.

**Keseliň görnüşi.** Diş sebäpli osteomiýelidiň geçişi örän köpdürlüdir. Ol birnäçe ýagdaýlar bilen kesgitlenýär: keseli döreden ýokançlaryň kesel döredijiliginiň derejesi, bedeniň berkliginiň we goranyşynyň mahsusy däl alamatlarynyň ýagdaýy, näsagyň ýaşy, zeperlenmäniň ýerleşen ýeri, keseliň döwri we ş.m.

### 6.4.1. Äňleriň osteomiýelidiniň ýiti döwri

Keseliň bu döwründe näsaglar ilkibada, adatça, keseliň başlangyjy bolan bir dişiň töweregindäki agyra arz edýärler. Emma tiz wagtdan gapdalynda ýerleşen dişleriň dişýany dokumalaryň çişme alamatlary hem ýüze çykýar. Agyry has güýçli, goparyp barýan, göz-hana, çekge töweregine we gulaga ýaýraýan häsiýete geçýär.

Aşaky äňiň osteomiýelidinde häsiýetli bolan arzlaryň biri-de degişli tarapdan aşaky dodagyň gyrmyzy gaýmasynyň, agzyň bosagasynyň nemli bardasynyň, eňegiň derisiniň ýüzleý duýgurlygynyň bozulmagy (gurşmagy, «garynja» ýöreýän duýgusy) bolup durýar. Iriňli-çişme kesel äňýany ýumşak dokumalarda dörände agyry äňiň çäklerinden çykan ýaly bolýar, ýagny süňk bilen bilelikde flegmona häsiýetli arzlar döreýär (ýellenme we gataňsylyk, äňleriň gysylmagy, ýuwdunmakda we ceýnemekde döreýän agyry). Näsaglar elmydama diýen ýaly kellagyrysyna, umumy beden gowşaklygyna, gyzgynynyň ýokarlanmagyna, işdäsiniň we ukusynyň bozulmagyna arz edýärler.

Näsagy soramak bilen diş sebäpli osteomiýelitden öň ýiti periodontidiň ýa-da üznüksiz periodontidiň ýitileşmesiniň bolanlygyny ýüze çykaryp bolýar. Kesel seýrek bolmadyk ýagdaýda dişiň çüýrükliginiň (kariesiň) gaýrüzülmeleriniň adaty bejergisinden, üznüksiz periodontit boýunça dişler sogrulandan, dişiň bagjygynyň şikesine getiren ýerliksiz diş salynmagyndan soňra döreýär. Käbir ýagdaýlarda diş sebäpli osteomiýelidiň döremegini näsaglar geçiren dümewleme keselleri bilen baglanyşdyrýarlar.

Seredilende näsag solak reňkli, seýrek bolmadyk ýagdaýda sussy basylan bolýar. Agzynyň içinden porsy ys gelýär. «Sebäpkär» diş yrgyldaýar, gapdalyndaky dişler hem yrgyldaýar we olaryň kakylyp barlanmagy agyryly. Iriňli-çişme kesele çekilen dişleriň töwereginde diş eti we geçiş ýygyrdyň nemli bardasy ýellenen we gyzaran. Olaryň el bilen barlagy ýiti agyryly. Äňiň öýjükli ösüntgisiniň we bedeniniň süňk bardasynyň aşagynda iriň ýygnanýar. Şeýle hem dişleriň yrgyldamalaryndan soňra diş eti kiselerden iriň çykyp başlaýar. Käbir ýagdaýlarda diş etiniň aşagynda abssesler döreýär. Iriň öýjükli ýumşak dokumalara ýaýranda äňýany dokumalaryň abssesleri we flegmonalary döreýär hem-de olar biziň maglumatlarymyza görä, äňleriniň diş sebäpli osteomiýelidi bolan näsaglaryň, takmynan, 60%-ini tutýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda ýumşak dokumalaryň gataňsylygy, deri örtükleriniň gyzarmasy döreýär. Gataňsylygyň daş-töwereginde seýrek bolmadyk ýagdaýlarda çeýneyiş muskullara ýaýraýan we äňleriň gysylmagyna getirýän ýumşak dokumalaryň güýçli bildirýän daşgyn ýellenmesi döreýär. Äňiň osteomiýelidinde äňasty ýa-da eňegasty limfa düwünleriň ýiti limfadenidi döreýär.

Aşaky äňiň osteomiýelidiniň has köp duş gelýän we irki alamatlary hökmünde onuň gyrasynyň galňamagy, şeýle hem aşaky dodagyň gyrmyzy gaýmasynyň we eňegiň derisiniň ýüzleý duýgurlygynyň bozulmagy we dişleriň elektrik gyjyndyryjylygynyň bozulmagy bolup durýarlar.

Äňleriň osteomiýelitlerine, islendik ýiti çişme keselde bolşy ýaly, iriňli-zäherlenme gyzdyrma alamatlary mahsusdyr. Dokumalaryň dargama we ýokançlaryň alyş-çalyş maddalary netijesinde döreýän zäherlenme ýaýraň osteomiýelitlerde, çişme kesele garşy ýokary işjeňlik jogaby görnüşde has güýçli bildirýändir. Zäherlenmäniň alamatlary köp derejede näsagyň arzlarynda jemlenendir.

Bedeniň kesele garşy işjeňlik jogaby gyzdyrma, ýürek işleýşiniň we dem alşyň ýygylanmagy, esasan hem, agşamlaryna bolýan üşütme, gan we peşew üýtgemeleri bilen ýüze çykýar. Osteomiýelidiň ýiti döwründe beden gyzgyny 38-den 40°C-ä çenli ýokarlanyp biler

Äňleriň osteomiýelidiniň ýiti döwri ganyň ak öýjükleriniň ýaş görnüşleriniň (taýajyk maňyzly, ýaş, miýelositler) ýüze çykmagy bilen neýtrofil öýjükleriniň köpelmegi (12-15×$10^{9/l}$), eozin reňkli we limfosit gan öýjükleriniň azalmagy bilen geçýär. Agyr ýagdaýlarda neýtrofil öýjükleriniň sany 17-20 × $10^{9/l}$-e çenli ýetip biler.

Diş sebäpli osteomiýelidiň ýiti döwründe näsaglaryň köpüsinde ganyň gyzyl öýjükleri tarapyndan üýtgeşme bolmaýar. Diňe süňküň we äňýany dokumalaryň ýaýraň zeperlenmesinde, şeýle hem bedeni asgyn näsaglarda ganyň gyzyl öýjükleriniň sany azalýar we gemoglobiniň mukdary peselýär. Ganyň gyzyl öýjükleriniň çöküş tizligi, adatça, 40-60 *mm/sag*-a çenli ýokarlanýar. Äňleriň osteomiýelidiniň ýiti döwründe näsaglaryň gan syworotkasynda köp mukdarda C-reaktiw protein döreýär, albuminleriň we globulinleriň gatnaşygy soňkularyň peýdasyna üýtgeýär.

Äňleriň osteomiýelidiniň ýiti döwründe zäherlenme netijesinde näsaglaryň peşewinde protein, silindrler, ganyň gyzyl öýjükleri ýüze çykýar.

Ýokarky äňiň diş sebäpli osteomiýelidiniň ýiti döwri has ýeňil geçmegi, keseliň dowamlylygynyň gysgalygy bilen tapawutlanýar. Ýokarky äňiň osteomiýelidi agyr süňk zeperlenmesi hem-de flegmona bilen seýrek gaýrüzülýär.

Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň ýiti döwrüniň anyklamasy bellibir kynçylyklar döredýär. Biziň maglumatlarymyza görä, ýatymlaýyn bejergä gelen näsaglaryň diňe 50%-den gowragynda kesel kesgitlemesi dogry goýlan. Saglyk öýlerinde, köplenç, ýalňyş kesel kesgitlemesi – äňleriň periostidi goýulýar.

Diş sebäpli osteomiýelidiň ýiti döwrüni aşakdaky kesellerden tapawutlandyrmak gerek: 1) ýiti (ýa-da ýitileşen üznüksiz) periodontitden; 2) ýiti iriňli periostitden; 3) ýüzüň ýumşak dokumalarynyň çişme kesellerinden (absseslerden, flegmonalardan); 4) äň-ýüz töwereginiň iriňlän kistalaryndan (diş sebäpli, dermoid, örtgi dokuma meňzeş kista).

Ýiti iriňli periostitde çişme ojagy öýjükli ösüntginiň üstünde ýerleşýär; kesele süňk bardasy, ýumşak dokumalar çekilen we bu, adatça, daş-töwereginiň ýellenmesine hem-de süňk bardasty iriňli ojagyň döremegine getirýär. Wagtynda geçirilen amal (dişi sogurmak, iriňli ojagy kesip ýarmak) we ýerlikli derman hem-de fiziki bejergi netijesinde kesel 3-5 günüň dowamynda aýrylýar.

Diş sebäpli osteomiýelidiň ýiti döwründe periostide garanyňda bedeniň kesele garşy işjeňlik jogaby we ganyň üýtgemeleri has güýçli bildirýär. Kesele süňküň ähli düzüji bölekleri çekilen (süňküň gabyk we öýjükli gatlaklary, süňk bardasy). Äň süňki ýognaýar, birnäçe dişleriň yrgyldamasy, ýumşak dokumalaryň nerw işjeňlik bozulmalary we dişleriň elektrik gyjyndyryjylygynyň bozulmasy ýüze çykýar.

Ýüzüň we boýnuň gelip çykyşy boýunça diş sebäpli däl abssesleri we flegmonalary, şeýle hem sebitleýin limfa düwünleriň iriňlemegi netijesinde dörän çişmeler osteomiýelit bilen bilelikdäki flegmonalardan, özlerine mahsus bolan häsiýetli başlangyçlary bilen tapawutlanýarlar. Meselem, adenoflegmonalaryň öňünden limfa düwünlerde çişme hadysasy bolup geçýär. Diş sebäpli däl flegmonalar özge jynslar bolanda, tüýkülik-daş keseliniň gaýrüzülmelerinde, çybanlar we dokuzdonlulary «howply» geçenlerinde döräp biler. Özbaşdak diýlip atlandyrylýan flegmonalara süňk bardasynyň bildirip duran çişme jogaby häsiýetli däl. Äň-ýüz töwereginiň kistalarynyň ulalmagy netijesinde, ilkinji nobatda, ýumşak dokumalaryň we äňleriň gyşarmalary döreýär. Ýiti çişme alamatlarynyň ýüze çykmagy ikilenç bolýar.

### 6.4.2. Äňleriň osteomiýelidiniň ýarym ýiti döwri

Bu döwür gysga wagtlaýyn bolup, ýiti alamatlaryň gowşamagy, bedeniň gyzgynynyň peselmegi, agyrynyň azalmagy, äňýany ýumşak dokumalardaky çişme üýtgemeleriň peselmegi, näsagyň umumy ýagdaýynyň oňatlaşmagy (ysgynsyzlygyň aýrylmagy, ukynyň we işdäniň kadalaşmagy) bilen häsiýetlendirilýär. Köpelen ganyň ak öýjükleri we *EÇT* has peselýär.

### 6.4.3. Äňleriň osteomiýelidiniň üznüksiz döwri



*71-nji surat.* Aşaky äňiniň bedeniniň üznüksiz osteomiýelidi

Bu keseliň iň uzak geçýän döwri. Äňiň osteomiýelidiniň üznüksiz döwre geçmegi bilen äň töwereginiň agyrylary gowşaýar, ýumşak dokumalaryň gataňsylygy peselýär, kesilen ýerlerde ýa-da deriniň, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň başga özi ýarylan ýerlerinde iriň akyp çykýan deşikler döreýär. Çüýrän süňkleriň çäklendirilmeleri deşiklerden düwür-düwür dokumalaryň ösüp çykmagy bilen bolup geçýär. Osteomiýelit ojagynyň töwereginde äň galňaýar, dişler köplenç, yrgyldap durýar. Deşigiň dürtgüç bilen barlagy çüýräp gopýan bölek süňküň endigan däl gurluşyny ýüze çykarmaga ýol berýär. Başlangyç ýokanç ojagynyň ýerleşişiniň we emele gelýän süňk çüýremesiniň häsiýetiniň arasynda bellibir kanunalaýyklyk bar.

Öň tarap topar dişler we kiçi azy dişler zeperlenende, süňk çüýremesi äňiň öýjükli ösüntgisi ýa-da bedeniň orta bölegi bilen çäklenýär. Haçanda kesel başlangyjy kiçi we uly azylar bolsalar, onda çişme hadysa äňiň öýjükli ösüntgisine we bedenine ýaýramak bilen birhatarda aşaky äňiň burçuna we şahasyna ýaýraýar (*71-nji surat*).

Süňkdäki çişme hadysa aşaky äňiň bedeniniň töwereginde ýerleşende, köplenç ýagdaýda, diňe «sebäpkär» dişe ýakyn bolan süňk bölegi çüýräp gopýar.

Äňiň gyrasy zeperlenmän galýar. Aşaky äňiň bedeniniň giňişleýin zaýalanmasynda zeperlenme döwri döräp biler. Aşaky äňiň şahasynyň osteomiýelidinde deşikler äňasty, äňyzy we gulakýany-çeýneýiş töwereklerde, käwagt bolsa boýunda döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň öň tarap gyrasynda ýerleşýärler.

Deşikden iriňiň akyp çykmagy beklenende we iriň ýygnanan ýerleriň döremegi netijesinde çişme keseliň ýitileşmesi ýüze çykýar. Abssesiň ýa-da flegmonanyň döremegi bilen birwagtda iriňli-zäherlenme gyzdyrmanyň alamatlary ýüze cykýar.

Bellibir näsaglarda zeperlenmeden soňraky dikelme hadysalar has güýçli geçýär, käwagt bolsa süňküň zaýalanmasyndan hem güýçli geçýär. Bu ýagdaýlarda, köplenç, äňiň burçunda ýa-da şahasynda, osteomiýelidiň artykmaç süňk emele gelmesi diýlip atlandyrylýan görnüşi döreýär we olar seýrek bolmadyk ýagdaýda ýiti döwürsiz, başlangyç-üznüksiz kesel görnüşde geçýär. Keseliň dowamlylygy birnäçe aýdan 1-2 ýyla çenli aralykda bolýar. Osteomiýelidiň bu görnüşinde deşikler bolman hem biler. Äňiň osteomiýelidiniň başlangyç-üznüksiz artykmaç süňk emele gelme görnüşiniň anyklamasy çylşyrymly bolup biler.

Süňk dokumasynyň «höwürtgeleýin» kiçi ojakly diýlip atlandyrylýan zeperlenmesi bellibir dowamly geçişi bilen tapawutlanýar. Zaýalanma ojaklary yzygiderli ýerleşmän, süňk dokumasynyň sagdyn ýerleri bilen gezekleşip ýerleşýärler (*72-nji surat*).



*72-nji surat.* Aşaky äňiň üznüksiz osteomiýelidiniň rentgen suraty

Äňleriň üznüksiz osteomiýelidiniň anyklamasynda rentgen barlaga wajyp ähmiýet berilýär, emma süňk çişme hadysa başda, esasan, süňküň öýjükli bölegini zeperleýänligi sebäpli dykyz gabyk gatlagyň rentgen şöhläni güýçli saklamagy netijesinde rentgen surat boýunça zaýalanma hemişe ýüze çykarylyp durmaýar. Diňe kesel çalt agyrlaşanda süňküň gabyk gatlagy hem pytraýar we bu rentgen suratda ýüze çykarylýar. Kesel başlandan 10-14 gün geçenden soňra rentgen suratda (ojaklaýyn ýa-da ýaýraň agarma, süňk seýrekleşmesi, soňra bolsa nädogry şekilli bir ýa-da birnäçe zaýalanma) ýüze çykarylýar. Dykyz birleşdiriji dokuma diwarlary bilen gurşalan pyt-

rama ojaklary süňk dykyzlaşma ojaklary bilen gezekleşýär. Emma osteomiýelitde çüýrän süňk böleginiň ýüze çykarylmagynyň has wajyp anyklaýyş ähmiýeti bar. Çüýrän süňk böleginiň rentgen suratdaky alamaty onuň kölegesiniň has güýçlenmegidir. Çüýrän süňk böleginiň kölegesi ony gurşap alan, aňyrsy görnübräk duran süňk dokumasynyň düşeginde göz-görtele bildirip durýar. Käwagt rentgen suratda bölünme zolagy ýüze çykarylýar. Aşaky äňiň osteomiýelidinde süňk çüýremekligi diňe 3-nji, 4-nji hepdäniň soňunda ýüze çykarylýar. Ýokarky äňiň gurluş-ýerleşiş aýratynlyklary bu süňkde has irki döwürlerde çüýrän süňk böleginiň emele gelmegine ýardam edýär. Çüýrän süňk bölekleri örän dürli görnüşlerde – tegelek, süýri, gyralary büdür-südür, köpburçly bolup bilerler. Merkezi, çet gyra we tutuşlaýyn çüýrän süňk bölekleri bolýar.

Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň üznüksiz döwrüni birnäçe kesellerden tapawutlandyrmak gerek: äňleriň mahsusy zeperlenmelerinden (inçekesel, aktinomikoz, merezýel), howpsuz we howply çişlerden.

Äňleriň osteomiýelidiniň üznüksiz döwrüniň deňeşdirme anyklamasynda öýjük barlagyna, eger-de gerek bolsa dokuma barlagyna uly ähmiýet berilýär.

### 6.4.4. Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň bejergisi

Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň ýiti döwründe bejergi süňkdäki we gurşap alan ýumşak dokumalardaky iriňli – çişme ojagyny aýyrmaklyga gönükdirilen bolmalydyr. Ol ýokanja garşy çäreleri we esasy kesel sebäpli bedeniň bozulan işjeňliklerini kadalaşdyrmagy özünde jemleýär. Amal bejergi süňkdäki ýokanç ojagy – keseliň başlangyç sebäbi bolan dişi sogurmakdan, äňýany absseslerde we flegmonalarda ýumşak dokumalaryň iriňli ojaklarynyň kesilip ýarylmagyndan hem-de ýara suwuklygyny çykaryjy rezin zolaklar we turbajyklar arkaly akdyrmakdan durýar.

Diş sebäpli osteomiýelidiň ýiti döwrüniň ilkinji günleri dişi sogurmak bu keseliň bejergisiniň esasy we hökmany şertleriniň biri bolup durýar. Keseliň başlangyç sebäbiniň aýrylmagy bilen birwagtda süňk içre ojaklardan zäherler, dokuma dargamagynyň maddalary çykýar, iriňiň akmagy üpjün edilýär. Bu amal çäresi iriňli ojagyň suwuklygyny akdyrmakdan başga-da, iň kiçi damarlarda gan aýlanyşygyň bozulmagy bilen baglanyşykly süňkdäki yzyna gaýtaryp bolmaýan zeperlenmeleriň öňüni almaga we gan aýlanyşygynyň kadalaşmagyna ýardam edýän süňk içiniň basyşynyň peselmegine getirýär. Süňk içiniň iriňli ojagynyň suwuklygynyň oňat akdyrylmagy üçin, aýratyn hem aşaky äňde, diş sogurmak bilen birwagtda süňk deşiklerini geçirmek maksadalaýykdyr, has beteri-de, ony geçirmeklik käbir ýagdaýlarda äňleriň gysylmagy, dişleriň ýalňyş ýerleşmekleri sebäpli «sebäpkär» dişi sogurmagy birnäçe gün soňa goýmaly bolýandygy we abssesi ýa-da flegmonany

kesip ýarmak hem-de çişmä garşy depginli toplumlaýyn bejergi bilen çäklenmeli bolunýanlygy sebäpli hem düşündirilýär. «Sebäpkär» dişiň gapdalyndaky sagdyn dişler yrgyldaýan ýagdaýda olary sim bilen berkitmek ýa-da seýiklemek gerek, dişiň pulpasynyň ýagdaýyna gözegçilik üçin bolsa, elektro duýgurlygyny geçirmek gerek. Äňleriň ýiti osteomiýelidinde geçirilýän ähli amallar ygtybarly ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrmany talap edýär.

Osteomiýelidiň ýiti döwründe amal bejerginiň üsti maksadalaýyk ýokanja garşy derman bejergi bilen ýetirilýär we bu iriň dörediji ýokançlaryň olara bolan durumlylygynyň artýandygyna garamazdan, geçirilýär. Ýokanja garşy derman bilen bejerginiň netijeliligi köp babatda onuň esaslandyrylyp ulanylýanlygy bilen kesgitlenilýär. Ýokanja garşy derman bejergi ol ýa-da beýleki dermana duýgurlygyny kesgitlemek üçin geçirilen ýokanç barlagynyň netijeleri berk hasaba alnyp geçirilmelidir. Munuň ýaly barlaglary geçirmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, şeýle hem ýokanç öwreniş barlagyň netijeleri alynýança giň täsirli dermanlar bellenilýär.

Diş sebäpli osteomiýelidiň ýiti döwründe süňk dokumasynda köp ýygnanmak ukyby bolan linkomisin, klindamisin, tetrasiklin, morfosiklin, wibromisin, fuzidin we başgalar ýaly dermanlary ulanmaklyga artykmaçlyk berilýär. Diş sebäpli osteomiýelidiň ýiti döwründe ýokanja garşy derman bilen bejermek näsaglaryň bedeniniň gyzgyny durnukly kadalaşýança we ondan hem soň 7-10 gün dowam etmelidir. Dermanlaryň möçberleri ýeterlik derejede ýokary bolmalydyr. Her 5-7 günden çişme ojagynyň ýara suwuklygyndan bakteriologiýa usuly bilen ýüze çykarylan ýokanjyň dermanlara duýgurlygyny kesgitläp durmaly.

Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidi bejerilende, dürli ýokanja garşy dermanlar bilelikde we gezekleşdirilip ulanylanda (olara ýokançlaryň duýgurlygy bolanda), ýokanja garşy dermanlar we sulfanilamidler (streptosid, sulfadimezin, norsulfazol, biseptol) bilelikde ulanylanda netijeli bolýandygyny gündelik amaly işi görkezýär. Sulfanilamidler, adatça, 1 *g*-dan her 4-6, 8 ýa-da 12 sagatdan bellenilýär. Derman serişdelerini kabul etmekligi köp mukdarda, arassalanan agyz suwuny içmek bilen amala aşyrýarlar. Ýokançlaryň zäherlerini zyýansyzlandyrmak maksady bilen zäherlenmä garşy bejergi bellenilýär.

Umumy zäherlenmäni peseltmegi, ganyň suwuklyk häsiýetlerini oňatlaşdyrmagy, suw-duz we protein deňagramlylygynyň bozulmalaryny kadalaşdyrmagy, iň kiçi damarlarda gan aýlanyşygyny kadalaşdyrmagy we çişme ojagynyň töweregi boýunça çüýreme döremeginiň öňüni almagy süňk içre basyşy peseltmek («sebäpkär» dişi sogurmak, äňiň gabyk gatlagyny deşmek), göni täsirli lagtalanma garşy dermanlary: geparini bellemek, gemodezi, reopoliglýukini, glýukozanyň 5%-li erginini, Ringer-Lokkuň erginini wena içre goýbermek, köp suwuklyk içirmek arkaly gazanylýar.

Bedeniň duýgurlylygyny we damar diwarynyň syzyjylygyny peseltmek üçin kalsiý hloridiniň 10%-li erginini, gistamine garşy dermanlary ulanýarlar.

Madda alyş-çalşygyny gowulaşdyrmak üçin anaboliki steroidler bellenilýär (anabol, retabol, nerabol). Şeýle hem çişme hadysa ýerli täsir etmek üçin fiziki bejergi usullary (*HÝÝ* elektrik meýdanlarynyň täsirlerini) ulanýarlar. Böwregüsti mäziň gabygynyň çak edilýän ýetmezçiliginde we çişme hadysa bedeniň kesele garşy ýokary işjeňlik jogap görnüşli geçende kortikosteroidleri ulanmak görkezilen. Beden goranyşynyň mahsusy däl görkezijileriniň işjeňligini ýokarlandyrmak üçin witamin bejergisi (*A, C, B* topar), ösümlik we süýt-gatyk iýmitler, mahsusy däl beden berkidiji diýlip atlandyrylýan toparyň dermanlary (dibazol, pentoksil, metilurasil we ş.m.) bellenilýär. Mätäçlik ýüze çykanda ýürek-damar ulgamyna ýardam berýän derman serişdeler bellenilýär (kofein, kordiamin, kokarboksilaza).

**Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň ýarym ýiti döwründe** iriňli-çüýreme hadysanyň ozalkysyndan beter ýaramazlaşmagynyň öňüni alýan ýokanja garşy derman bejergi dowam etdirilýär. Şeýle hem süňküň täze ýerleriniň çüýremeginiň öňüni almak we çüýrän süňk bölekleriniň emele gelmegini tizleşdirmek üçin iň kiçi damarlarda gan aýlanyşygyny kadalaşdyrmak boýunça çäreler geçirilýär. Bu maksat bilen dokumalardaky alyş-çalşa ýardam edýji serişdeler we çäreler bellenilýär: anaboliki gormonlar, metilurasil, pentoksil, protein erediji fermentler, gan we gan ýerini tutujy dermanlary guýmak, öz ganyny sanjyp bejergi, pirogenal, prodigiozan. Fiziki bejergi – ultramelewşe şöhle tutmak, *HÝÝ* elektrik meýdany. Geparin bilen elektrosiňdirme ulanmak gowy netijeler berýär. Şeýle hem melhemler bilen ýyladyjy sargylary ulanmak (wazelin, kamfora we furasilin melhemleri) we çeýneýiş muskullaryň işjeň hereket maşklary (sakgyç çeýnemek) örän gowy netijeleri berýär.

Derman bejergi we fiziki bejergi bilen birwagtda, ýitileşmeginiň öňüni alýan çäräni – deşikden suwuklyk akmaklygyny amala aşyrmaly.

**Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň üznüksiz döwründe** çişme hadysasynyň ýitileşme ýagdaýlarynda ýokanja garşy derman, cişmä garşy bejergi dowam etdirilýär. Keseliň bu döwründe çüýrän süňk bölegini aýyrmaklyk geçirilýär. Amalyň möhletleri her bir ýagdaýda aýratynlykda çözülýär. Çüýrän süňk böleklerini kesel başlandan 3-4 hepde soňra ýokarky äňde we 5-8 we ondan-da köp hepde soňra bolsa aşaky äňde aýyrýarlar. Ýokarky äňiň we aşaky äňiň öýjükli ösüntgisiniň diş sebäpli osteomiýelitlerinde çüýrän süňk bölegini aýyrmaklygy agyz boşlugynyň içinden amala aşyrýarlar. Aşaky äňde geçirilýän çüýrän süňk bölegini aýyrmaklygy (aýratyn hem çüýrän süňk bölegi onuň burçunyň we aşaky gyrasynyň töwereklerinde ýerleşende) çemeleşmegiň agyz içre däl ýoluny talap edýär. Amal geçirmek üçin kesilip döredilýän ýara çüýräp gopan süňk boşlugyny barlamak we çüýrän dokumalary doly aýyrmak üçin ýeterlik bolmalydyr.

Ygtybarly agyrysyzlandyrma bilen ýumşak dokumalary kesýärler we gatma-gat açýarlar, süňki çüýräp gopan ýeriň boşlugynyň çäklerinde açýarlar. Uly erkin ýatan çüýrän süňk bölekleri jübtek bilen alýarlar, kiçi erkin ýatan çüýrän süňk

bölekleri we düwür-düwür dokumalary, emele gelen boşlugy süňk çemçesi bilen süňküň sagdyn gatlaklaryna çenli gazamak bilen aýyrýarlar. Şunuň ýaly edip deşikleri hem gazaýarlar. Uzak wagtyň dowamynda geçýän kesellerde deşikleri kesip aýyrýarlar. Uly bolmadyk boşlugy onda gan lagtasynyň döremegi bilen bejerýärler, emma ol gury ýokanja garşy derman külkesi gan saklaýjy öýjükli derman bilen doldurylyp bilner, ýaranyň içine suwuklyk çykmagy üçin rezin zolak ýa-da turbajyk salyp tikýärler.

Düşnüksiz ýagdaýlarda, haçanda hirurgyň çüýrän dokumanyň doly aýrylanlygyna ynamy bolmasa, çüýrän süňk boşlugyny kseroform ýa-da 5-10%-li sintomisin melhemi siňdirilen hasa peltesi bilen ýeňil doldurýarlar. Boşluk birleşdiriji dokuma bilen doldugyça peltäni çekýärler we her 4-5 günden kesip durýarlar. Soňra ýara ikilenç tikinler goýýarlar.

Zeperlenmeden soňra bitmek hadysasynyň agdyklyk etmegi bilen osteomiýelidiň üznüksiz döwrüniň durgunlaşma ýagdaýynda çişme hadysasynyň öňüni almak boýunça çäreler görülýär, bedeniň goranyş güýçlerini immun bejergi geçirmek, ýokanç polisaharidleri (pirogenal, prodigiozan), poliwitaminleri, kalsiý we fosfor duzlaryny ulanmak bilen ýokarlandyrýarlar. Şeýle hem görkezmeler boýunça anaboliki steroid gormonlar (retabol, nerabol), bejerginiň fiziki usullary (äňiň zeperlenme ýerinde geçirilýän kaliý ýodidiniň, kalsiý hloridiniň elektrik togy bilen siňdirilmegi) bellenilýär. Osteomiýelidiň üznüksiz döwri uzak geçende çüýrän süňküň gopmagyny tizleşdirmek üçin misiň ýa-da sinkiň sulfatynyň 2%-li ergininiň elektrik togy bilen siňdirilmegini, ultrasesi, nebitdakyl (ozokerit) ýapgylaryny belleýärler.

Ýatymlaýyn bejergiden çykarylandan soňra osteomiýelidiň üznüksiz döwri bolan näsaglar doly sagalýançalar saglyk dikeldiş otaglarynda bejerginiň dowamyny almalydyrlar we ol ýerde zeperlenmeden soňra bitmek hadysalaryna, agyz boşlugynyň sagdynlaşdyrylmagyna we dişleriň öz wagtynda emeli diş gurnamalar bilen dikeldilmegine gözegçilik hem-de çişme hadysasynyň ýitileşmeginiň öňüni alyş çäreleri amala aşyrylýar.

Äňleriň zaýalanma hadysalary agdyklyk edýän ýaýraň osteomiýelidi bilen kesellän näsaglar yzygiderli bejeriş gözegçiligine alynmalydyrlar. Şeýle hem kesel döwri ýa-da ondan soňra bedeniň ýaşaýyş üçin wajyp synalary we ulgamlary tarapyndan gaýrüzülmeleri bolan näsaglar yzygiderli bejeriş gözegçilikde bolmalydyrlar (öýken abssesi, sepsis, gowakly sinusyň trombozy we ş.m.). Munuň ýaly ýagdaýlarda yzygiderli bejeriş gözegçiligi üçin newropatologlar, otolaringologlar, okulistler, terapewtler we ş.m. hünärmenler bu işe çekilýär.

## 6.5. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ABSSESLERI WE FLEGMONALARY

### 6.5.1. Äň-ýüz töwereginiň absseleriniň we flegmonalarynyň geçiş-ýerleşiş häsiýetnamalary

Absses – bu öýjükli dokuma gatlagynyň ýa-da başga ýumşak dokumanyň bellibir ýeriniň eremegi bilen boşluk döremegine getirýän çäklenen iriňli çişme ojagydyr. Flegmona – bu derasty, muskulara we öýjükli dokuma gatlaklaryň ýiti, ýaýraň iriňli çişmesidir.

**Sebäpleri.** Absseslerde we flegmonalarda kesel dörediji hökmünde garyşyk ýokanç düzümini ýüze çykarýarlar. Olarda stafilokokklaryň ýa-da streptokokklaryň, kokklaryň beýleki görnüşleri, şeýle hem içege we beýleki taýajyklar bilen bilelikde bolmaklygy agdyklyk edýär. Köplenç, kesel dörediji hökmünde ak ýa-da tylla reňkli stafilokokk ýüze çykarylýar. Soňky ýyllarda flegmonanyň döremeginde howasyz şertlerde köpelýän ýokançlaryň uly orny anyklanyldy. Flegmonalarda howasyz şertlerde köpelýän ýokançlaryň arasynda daşky barda emele getirmeýän ýokançlar–bakteroidler agdyklyk edýär, seýrek ýagdaýlarda – klostridiýalar, şeýle hem howaly we howasyz şertlerde köpelýän ýokançlaryň oňşukly düzüm gatnaşygy ýüze çykarylan.

**Keseliň döreýşi we geçişi.** Dürli maglumatlara görä, aglaba absselerиň we flegmonalaryň sebäbi gelip çykyşy boýunça diş sebäpli ýokançlardyr. Olar üznüksiz periodontidiň ýitileşmeginde, seýrek ýagdaýlarda –ýiti periodontitde, şeýle hem aşaky akyl dişiň kynlyk bilen çykmagynda, iriňlän kökujy kistada, sogrulan diş öýjüginiň çişmesinde, dişýany dokumalaryň keselleriniň ýitileşmeginde ýokanjyň kökujy ojaklardan ýaýramagy netijesinde ýüze çykýar. Kelläniň we boýnuň töwereginiň absesleri we flegmonalary ýiti we üznüksiz diş sebäpli osteomiýelit bilen bile geçip biler hem-de äňleriň ýiti periostidiniň gaýrüzülmesi hökmünde döräp biler. Keseliň başga sebäpleri hökmünde agyz boşlugynyň, burnuň we ýokarky äň boşlugynyň nemli bardasy, ýüzüň we boýnuň derisi, seýrek ýagdaýlarda gözüň birleşdiriji dokuma perdesi bolup biler.

Äňýany absseler we flegmonalar dişleriň çüýremegi (karies) bilen has köp kesellemegi netijesinde we aşaky akyl dişiň kynlyk bilen çykmagy bilen baglylykda 20-30 ýaşda köp döreýär. Absseleriň we flegmonalaryň döremeginde pasyllaryň täsiriniň ýokarydygy ýüze çykarylan, hususan-da tomus, güýz paslynda bu keseller has hem köpelýär.

Kelläniň we boýnuň töwereginiň ýiti iriňli çişme keselleriniň ösüşi we geçişi ýokanç düzümine, umumy we ýerli mahsus we mahsus däl gorag ukyplaryna, bedeniň dürli synalarynyň we ulgamlarynyň ýagdaýyna, şeýle hem dokumalaryň gurluş-ýerleşiş aýratynlyklaryna baglydyr. Olar bedeniň çişme kesele garşy işjeňlik jogaplaryny: kadaly işjeňlik, ýokary işjeňlik we pes işjeňlik görnüşlerini kesgitleýär.

Ýokançlaryň güýçli bolmadyk zäheriniň täsirinde we bedeniň degerli gorag jogabynda absses ýa-da bir ýa iki öýjükli dokuma boşluklarynda flegmona döräp başlaýar. Bu ýagdaýda kelläniň üstüniň, ýüzüň we boýnuň töwereginiň gurluş-ýerleşiş aýratynlyklarynyň, ýokarky we aşaky äňe ýanaşýan öýjükli dokuma boşluklaryň, keseliň başlangyjy bolan diş sebäpli we beýleki ýokanç ojaklarynyň ýakynlygynyň bellibir ähmiýeti bar. Abssesiň we flegmonanyň umumy we ýerli alamatlarynyň ýüze çykmaklary bedeniň çişme kesele garşy kadaly işjeňlik jogabynyň netijesidir.

Zeper ýetiriji sebäpleriň çuňlaşmagy (olaryň sanynyň, kesel döredijilik ukybynyň, zäherliliginiň we ş.m. artmagy), keseliň uzaga çekmegi we kesele garşy umumy we ýerli goranyş ukyplaryň, şol sanda immunitetiň (sazlaşyksyzlyk) hem peselmegi giň ýaýran flegmonanyň döremegine, köplenç, bedeniň kesele garşy ýokary işjeňlik jogabyna getirýär. Bedeniň kesele garşy işjeňlik jogabynyň köp taraplary we kesele duýgurlygynyň ýokary derejesi, iriňli ojaklaryň kelläniň üstünde, ýüzüň we boýnuň töwereginde ýerleşmegi we geçirilýän bejergi bedeniň gorag-uýgunlaşma jogaplarynyň uýgunlaşan, az uýgunlaşan ýa-da uýgunlaşmadyk görnüşlerini kesgitleýärler.

Aýry-aýry näsaglarda dürli sebäplere görä abssesler we flegmonalar bedeniň çişme kesele garşy ýokary işjeňlik jogaby bilen geçip biler. Bir tarapdan kesel döredijiler ýokançlaryň şertli-kesel dörediji görnüşleri bolup biler. Olara garşy dörän mahsus jogap işjeňlik ýagdaýynda kesel dörediji maddalaryň pes täsiri keseliň haýal we gowşak geçmegine getirýär.

Beýleki tarapdan mahsus we mahsus däl goranyş jogap işjeňliginiň peselmegi, üýtgemegi, şol sanda ýokary duýujylygyň haýallan görnüşiniň we duýgusyzlygyň autoimmun jogabynyň döremegi, immun ulgamynyň ilkinji ýa-da ikilenç keselleri ýa-da bozulma ýagdaýlary örän wajyp ähmiýetlidir. Gartaşan adamlarda pes çişme jogap işjeňligi bilen geçýän abssesler we flegmonalar ýokarda görkezilişi ýaly häsiýetlendirilýär. Absseslerde we flegmonalarda ýokanja garşy dermanlaryň, sulfanilamidleriň ýerliksiz ulanylmagy çişme jogap işjeňliginiň pes görnüşe çenli ýetmegine getirip biler.

**Kesel ýeriniň gurluşy.** Iriňli çişme kesel emele gelende: kelläniň we boýnuň töwereginiň absseslerinde ýa-da flegmonalarynda çişme hadysasy, esasan, ýumşak birleşdiriji dokumada – derasty, muskulara, gatlagara öýjükli dokumalarda, muskullarda döreýär.

Dokumalara aralaşan ýokançlar damarlaryň we onuň töwereginiň ýanynda ýygnanýar, dokumalaryň çişme jogaby döräp başlaýar. Onuň şu aşakdaky döwürleri: I ýellenme, II gatańsylyk, III dokumalaryň iriňli eremegi, IV çüýremeklik, V düwür-düwür dokuma aýlawy emele getirilip ojagyň çäklendirilmesi bolýar.

Şikeslenen ýüzüň deri örtükleriniň ýa-da agyz boşlugynyň nemli bardasynyň ýokançlanmagy netijesinde, şeýle hem çyban, tüýkülik mäziň çişmesi, başly agyz

nemli barda çişmesi we başga keselleriň gaýrüzülmesi görnüşinde dörän abssesleri we flegmonalary diş sebäpli däl topara degişli edýärler.

Geçişi boýunça abssesleri we flegmonalary biri-birinden hemişe tapawutlandyryp bolmaýanlygy sebäpli (esasan hem, olar çuňňur ýerleşenlerinde), çişme hadysanyň ýerli alamatlary, şeýle hem hirurgik amallary ýazylyp beýan edilende, olary birleşdirýärler.



*73-nji surat.*
Gözasty töwereginiň abssesi

**Keseliň görnüşi.** Äň-ýüz töwereginiň abssesleriniň we flegmonalarynyň geçişi dürli görnüşlidir we ol iriňli dargama çişme alamatlary bilen birnäçe umumy bozulmalar görnüşinde, şeýle hem köp derejede çişme ojagynyň ýerleşýän ýeri bilen kesgitlenilýän ýerli bozulmalar bilen ýüze çykýar. Adatça, kesel birdenkä başlaýar we çişme alamatlary çalt artýar. Bedeniň zäherlenmegi netijesinde kellagyry döreýär, uky we işdä bozulýar, bedeniň gyzgyny ýokarlanýar. Agyr ýagdaýlarda üşütme döreýär, näsaglaryň umumy ýagdaýy has-da beterleşýär. Aglaba näsaglarda leýkositoz 10 x $10^{9/l}$ -den köp, neýtrofilez 80% we ondan hem ýokary bolýar (*73-nji surat*).

Emele gelip barýan flegmona gyzaran deri we nemli barda bilen örtülen ýaýraň, agyryly gataňsylyk häsiýetlidir. Çişme hadysa artdygyça gataňsylyk ulalýar, onuň merkezinde mylkyldy döreýär. Çuňňur ýerleşen iriňli ojaklarda bu alamatlar az ýüze çykan, käwagtlar bolsa düýbünden bolmaýarlar. Äň-ýüz töwereginiň aglaba flegmonalaryna agyry, aşaky äňiň hereketleriniň bozulmagy, agzyň köp suwlanmagy, çeýnemegiň, ýuwdunmagyň, geplemegiň we dem almagyň kynlaşmagy häsiýetlidir. Äňleriň gysylmagy, adatça, çişme hadysa çeýneýiş muskullar çekilende döreýär.

Keseliň geçiş ýagdaýynyň köpdürlüligi flegmonanyň bir ýa-da iki, üç we ondan-da köp öýjükli dokuma boşluklarynda ýerleşendiklerine baglydyr.

Döremeginde aýgytlaýjy orun içege taýajyklaryna we howasyz şertlerde köpelýän ýokançlara degişli bolan ýüzüň we boýnuň çüýreme zeperlenme flegmonalarynyň geçişiniň bellibir aýratynlyklary bar. Bu flegmonalar keseliň gapdalky dokumalara tiz geçýänligi, çişmäniň umumy alamatlarynyň ýerli alamatlardan agdyklyk edýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Çüýreme zeperlenme flegmonalaryň köp duş gelýän ýerleri – agyz boşlugynyň düýbi we gulakýany-çeýneýiş töweregidir. Beýle näsaglarda keseliň ilki başyndan bedeniň zäherlenmesi aýratyn güýçli bildirýär. Näsaglar kellagyrysyna, ysgynsyzlyga, bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagyna arz edýärler. Ýerli takyk serhetleri we mylkyldy alamatlary bolmadyk agyryly dykyz gataňsylyk kesgitlenilýär. Käbir ýagdaýlarda dokumalarda gazyň bardygyna şaýatlyk edýän hytyrdy kesgitlenilýär. Gataňsylygyň üstüniň derisi solak reňkli,

hereketli. Bedeniň gyzgyny 39°C-ä çenli we ondan-da ýokarlanýar, çalt ýürek urmasy ýüze çykýar. Ýüzüň we boýnuň çüýreme-zeperlenme flegmonalarynda keseliň çaklamasy örän howatyrly we ol köp derejede bejerginiň wagtynda başlanylmagyna bagly bolup durýar (*74-nji surat*).



*74-nji surat.*
Agyz boşlugynyň düýbüniň çüýreme-zeperlenme flegmonasy

Aýdylanlardan başga-da, flegmonalaryň geçişi her tebigy howa-geografik aýratynlyklara baglydyr. Hususan-da her bir tebigy howa-geografik sebitiň ýaşaýjylarynyň diňe özlerine mahsus bolan immun durumynyň we immun jogabynyň görnüşiniň barlygy bilen tapawutlanýarlar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda Türkmenistanda geçirilen ylmy işler (Pleskanowskaýa S. A., Annaberdiýew S. D., 1999, 2001) yssy we gurak howaly sebitiň ýaşaýjylarynyň immun ulgamynyň uýgunlaşma hadysalary we beden görkezijileriniň deňagramlylygyny saklamak hadysalary bilen ýeterlik derejede düýpli täsire sezewar bolýandyklaryny we bu ýagdaý onuň äň-ýüz töwereginiň ýumşak dokumalarynyň ýaýraň iriňli-çişme keseliniň flegmonasynyň geçişiniň aýratynlyklaryny we ahyrky netijelerini kesgitläp bilýändigi ýüze çykaryldy.

Flegmonaly näsaglarda bedeniň kesele garşy işjeňlik jogaby Pleskanowskaýa S. A. (1997) tarapyndan işlenilip teklip edilen çet ýer ganyň dänejikli öýjükleriniň jeminiň onuň dänejiksiz öýjükleriniň jemine bolan gatnaşygynyň netijesi hökmünde granulositar görkezijini hasaplamak esasynda kesgitlenildi.

Granulositar görkezijiniň derejesiniň, immun ulgamynyň we çet ýer ganyň ýagdaýynyň uly özbaşdak tapawutlyklarynyň barlygyna üns berip, granulositar görkezijini esasy ölçeg – bedeniň goranyş jogabynyň görkezijisi hökmünde alyp, näsaglar üç topara bölünen: I topar – başlangyç ýokary, II topar – başlangyç pes we III topar – granulositar görkezijiniň sagdyn adamlaryň görkezijilerine deň gelýän derejesi bolan näsaglar. Äň-ýüz töwereginiň flegmonasy bolan näsaglar hassahana gelenlerinde granulositar görkezijiniň derejesi hemmesi boýunça ortaça 2,25 ş.b-ä deň bolan, näsaglaryň I toparynda 3,3; II toparda 1,29 we III toparda 1,83 ş.b-ä deň. Granulositar görkezijiniň näsaglaryň toparlary boýunça immun ulgam görkezijileri bilen baglanyşygy öwrenilende, onuň başlangyç ýokary derejesi bolan äň-ýüz töweregi flegmonaly näsaglarda (I topar) T we B limfositleriň anyk sanlarynyň ýetmezçiligi, O we D limfositleriň sanlarynyň has köpelmekleri, barlanylan immunoglobulinleriň ähli görnüşleriniň: G, M we A mukdarlarynyň iň ýokary derejeleri gelip geçýän häsiýete eýe bolup durýar we eýýäm keseliň II döwründe, umuman, kadalaşmaklyga tarap üýtgeýärler hem-de hassahanadan çykýançalar sagdyn adamlaryň görkezijileriniň derejesine çenli diýen ýaly baryp

ýetýärler. Granulositar görkezijiniň başlangyç pes derejesi bolan näsaglarda (II topar) O we D limfositleriň az köpelmegi bilen limfa ulgamynyň jogaby iki «tolkun» görnüşli bolup geçýär. Onda-da, ýaranyň ikinji döwründen başlap gan aýlanyşygyndan D limfositler gaýdyp gelmezden «ýitýärler». Immun ulgamynyň gumoral bölümine iň «gowşak», «gijä galýan» ýaly jogap mahsus. Şularyň esasynda äň-ýüz töwereginiň flegmonasy bolan näsaglarda granulositar görkezijiniň pes başlangyç derejesi beden ýagdaýynyň ýaramazlygyny oňat öňünden habar beriji görkezijidigi bellenilýär. III toparyň näsaglarynyň immun ulgamynyň barlanylan görkezijileriniň üýtgemeleriniň ýagdaýy çet ýer ganyň we immun ulgamynyň öýjük bölümi tarapyndan jogabyň ýoklugy we barlanylan immunoglobulinleriň hemme görnüşleriniň mukdarlarynyň has güýçli beýgelmegi bilen häsiýetlendirilen. Üýtgemeler bolsa I toparyň näsaglarynyňka görä has giç kadalaşýar.

Alnan maglumatlar esasynda immun ulgamynyň umumy bozulmalary bolmadyk, granulositar görkezijisi başlangyç ýokary derejeli bolan I toparyň näsaglarynda çişme kesele bolan, bedeniň goranyş jogabynyň işjeň görnüşi kesgitlenilen. Granulositar görkezijisiniň pes başlangyç derejesi bolan II toparyň näsaglarynyň immungan görkezijisiniň ýüze çykmalarynyň we keseliň alamatlarynyň aýratynlyklary bilen, umuman, näsaglaryň immun ulgamynyň umumy bozulmalarynyň (döreýşi boýunça ilkinji, şeýle hem ikilenç) bardygyny görkezýän we olarda çişme kesele bolan, bedeniň goranyş jogabynyň pes işjeň görnüşi kesgitlenilýär. III toparyň näsaglarynda bildirip duran immungan görkezijileriniň bozulmalarynyň ýoklugy, ähtimal, immun ulgamynyň soňraky düýpli bozulmalary bilen tamamlanyp biljek immun ýetmezçilik ýagdaýynyň özboluşly «gizlin möwç» alyş döwri barada şaýatlyk edýändigi bellenen we cişme kesele bolan bedeniň goranyş jogabynyň duýgusyz görnüşi diýlip kesgitlenilen we näsaglaryň bu topary amaly immunologiýa üçin uly gyzyklanma döredýändigi bellenildi. Näsaglar hassahana gelenlerinde keseliň geçişi köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. I toparyň näsaglary hassahana gelenlerinde umumy ýagdaýynyň kanagatlanarly ýa-da orta agyrlyk derejesi bilen, keseliň bir, seýrek iki ýere ýaýramaklygy bilen, bedeniniň 39-40°C-ä çenli gyzgyny bilen, oňat bildirip duran ýerli alamatlary bilen häsiýetlendirilýär. Mundan başga-da, I toparyň näsaglaryna flegmonanyň geçişi beýlekilere görä iriňli ýaranyň tiz bitmekligi bilen we onuň netijesiniň köp babatda doly sagalma bilen tamamlanýanlygy häsiýetlidir. II toparyň näsaglary hassahana gelenlerinde, adatça, orta agyrlyk we agyr derejeli umumy ýagdaýy bilen, iriňli-çişme keseliň iki, üç we ondan-da köp ýerlerde ýerleşmegi bilen, gowşak bildirip duran ýerli we umumy alamatlary bilen häsiýetlendirilýär. Bu toparda kesel gowşak we uzak geçişi bilen häsiýetlendirilýär, olaryň aglabasy hassahanadan oňatlaşan ýagdaýynda çykarylýar hem-de hut şu toparyň näsaglary bejeriş döwründe köp kynçylyklar döredýärler we seýrek bolmadyk halatlarda iriňli ojaklary ikilenç kesip ýarmaklygy talap edýärler. III toparyň näsaglary keseliň geçişi boýunça kanagatlanarly umumy ýagdaý bilen bir, iki we seýrek bolmadyk ýagdaýlarda üç

töwerekde ýerleşmegi bilen, bedeniň 38°C-ä çenli gyzgyny bilen, aram bildirýän ýerli we umumy alamatlary bilen häsiýetlendirilýär. Türkmenistanda geçirilen işleriň netijelerinden belläp geçmeli zatlaryň biri-de näsaglaryň II we III toparlarynda umumy bejerginiň çäklerinde giň täsirli immun ýardamçy dermanlar ulanylýar we olar islenilýän oňat netijeleri almaga ýol berýär.

Äň-ýüz töwereginiň absseslериniň we flegmonalarynyň anyklamasy keseliň taryhynyň we ýerli barlaglaryň maglumatlaryna esaslanýar. Ýüzleý ýerleşen abssesleri we flegmonalary ýüze çykarmak, adatça, kynçylyk döretmeýän bolsa, çuňňur ýerleşen iriňli ojaklary anyklamak üçin seýrek bolmadyk ýagdaýlarda anyklaýyş sanjymyny geçirmek gerek bolýar.

Gurluş-ýerleşiş nukdaýnazaryndan ýerleşişi boýunça abssesler we flegmonalar şertleýin iki topara bölünýär.

**I. Äňýany abssesler we flegmonalar**

1) aşaky äňe ýanaşýan dokumalaryň abssesleri we flegmonalary:
   a) ýüzleý ýerleşenleri:
      - äňasty üçburçlugyň;
      - eňegasty üçburçlugyň;
      - gulakýany-çeýneýiş töweregiň.
   b) çuňňur ýerleşenleri:
      - ganat görnüşli-aşaky äň boşlugyň;
      - bokurdakýany boşlugyň;
      - dilasty töweregiň;
      - agyz boşlugynyň düýbüniň.
2) ýokarky äňe ýanaşýan dokumalaryň abssesleri we flegmonalary:
   a) ýüzleý ýerleşenleri:
      - gözasty töwereginiň;
      - ýaňak töwereginiň.
   b) çuňňur ýerleşenleri:
      - çekgasty çukurjygyň;
      - ganat-kentlewük çukurjygyň.

**II. Äňýany dokumalary bilen goňşy ýerleriň abssesleri we flegmonalary (iriňli kesel, esasan, başga ýerden ýaýramagy netijesinde döreýär):**

- duluk süňküň töwereginiň;
- çekge töwereginiň;
- gözhanasynyň;
- äňyzy töwereginiň;
- boýnuň töwereginiň;
- diliň abssesleri we flegmonalary.

Äň-ýüz töwereginiň absseslerini we flegmonalaryny aşakdaky kesellerden:

1) ýüzüň çybanlarynyň we dokuz donlularynyň başlangyç döwründen;

2) ýüzüň beze çişmesinden;
3) gulakýany we äňasty tüýkülik mäzleriň ýiti çişmesinden;
4) boýnuň iriňlän orta we gapdal kistalaryndan;
5) mahsusy üznüksiz cişme kesellerden;
6) çişlerden tapawutlandyrmak gerek.

Äň-ýüz töwereginiň absseslériniň we flegmonalarynyň geçiş-ýerleşiş häsiýetnamalary 1-nji tablisada berilýär.

### 6.5.2. Absseleriň we flegmonalaryň bejergisi

Äň-ýüz töwereginiň absseslériniň we flegmonalarynyň bejergisi toplumlaýyn geçirilýär. Bejerginiň esasyny hirurgik amal, iriňiň akyp çykmagyny üpjün edýän, iriňli çişme ojagy kesip ýarmak tutýar. Iriňli ojak çäkli bolsa (meselem, gaty kentlewügiň abssesi) amaly Stomatologiýa merkeziniň (Saglyk öýüniň) şertlerinde geçirmek bolýar. Ýüzüň we boýnuň äňýany dokumalarynyň flegmonalarynyň bejergisini bolsa ýatymlaýyn bejergi bölümleriniň şertlerinde geçirmek maksadalaýykdyr.

Absseslerde, bir öýjükli dokuma boşlugynda ýüzleý ýerleşen flegmonalarda amaly, adatça, ýerli siňdirme we sebitleýin agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrýarlar. Agyrysyzlandyryjy ergini (nowokain ýa-da lidokain) abssesiň üstüniň we onuň töwereginiň dokumalaryna sanjyp siňdirýärler. Ergini iriňli boşluga goýbermek maslahat berilmeýär, sebäbi ol güýçli agyry döredýär, ergin bolsa agyrysyzlandyryjy netijäni bermeýär. Şeýle hem iriňiň daş-töwereginiň dokumalaryna ýaýramagy mümkin.

Ýüzüň çuňňur ýerleriniň ýa-da keseliň iki we ondan-da köp töwerekleri eýelenen abssesi we flegmonasy bolan näsaglarda hirurgik amaly ýerli agyrysyzlandyrma bilen geçirmek hakykat ýüzünde mümkin bolmaýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda umumy agyrysyzlandyrma ulanýarlar. Emma äňleriň gysylmagy, ýuwdunma we dem alyş bozulmalary bilen ýüze çykan äňýany dokumalaryň ýiti çişme kesellerinde bihuş etmekligi geçirmegiň birnäçe aýratynlyklary bar we ol tejribeli anesteziolog tarapyndan ýokary seresaplylyk bilen geçirilmelidir.

*1-nji tablisa*

## Äň-ýüz töwereginiň absseseleriniň we flegmonalarynyň geçiş-ýerleşiş häsiýetnamalary

| Abssesiň, flegmonanyň ýerleşýän ýeri | Iriňli-çişme keseliň ýerli alamatlary | | | | Ýokanjyň esasy ojaklary we ýaýraýan ýollary | Aýry-aýry töweregiň, boşlugyň serhetleri |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Ýellenme | Gyzarma | Agyry (rahat ýagdaýda) | Işjeňlik bozulmalary we olaryň döremekleriniň sebäpleri | | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Gözasty töweregi | Gözasty töwereginiň dokumalarynyň has bildirip duran ýellenmegi, aşaky we ýokarky gabaklaryň ýellenmegi | Gözasty töwereginiň derisiniň gyzarmagy | Aram depginli agyry | Gabaklaryň ýumulmagy sebäpli görşüň bozulmagy | Ýokarky alyn we kiçi azy dişler, keseliň ýaňak töwereginden we burnuň gapdal böleginden ikilenç ýaýramagy netijesinde | Ýokarky – gözhanasynyň aşaky gyrasy, aşaky-ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisi, içki burnuň gapdal serhedi, daşky- - duluk süňk-ýokarky äň birleşmesi |
| Duluk süňküň töweregi | Duluk süňküň töwereginiň dokumalarynyň güýçli bildirýän ýellenmesi | Duluk süňküň töwereginiň derisiniň gyzarmagy | Aram depginli agyry | Äňleriň aram gysylmagy we näsag agzyny açanda agyrynyň güýçlenýänligi sebäpli çeýneýiş kynçylygy | 14, 15, 16, 24, 25, 26 dişler; keseliň ýaňak we çekgasty töwereklerden ikilenç ýaýramagy netijesinde | Ýokarky-çekge töwereginiň öň-aşak bölegi we gözhananyň aşaky gyrasy; Aşaky – ýaňak töwereginiň öň-ýokarky bölegi, öň tarap – duluk süňk ýokarky äň birleşmesi, yzky – duluk süňk çekge birleşmesi |
| Gözhanasy | Gabaklaryň güýçli bildirýän ýellenmesi, göz almasynyň çykjak bolup durmagy | Gabaklaryň derisiniň gyzarmagy | Güýçli kelle we göz agyrysy | Gabaklaryň ýellenmegi, göz almasynyň süýşmegi, göz nerwiniň gysylmagy sebäpli görşüň | 13, 14, 15, 23, 24, 25 dişler; ýokanjyň ýokarky äň boşlugyndan, çekgasty çukurjykdan, ganat şekilli äň boşlugyndan, gözasty | Bu ýeriň serhetleri gözhananyň diwarlaryna gabat gelýär; Ýokarky diwary – maňlaý süňküniň gözhana bölegi we |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | bozulmagy görmezlige çenli baryp ýetýän gözlerine iki görünmek | töwerekden, ganat-şekilli kentlewük çukurjygyndan ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | yzynda esasy süňküň kiçi ganaty bilen emele gelen; içki diwary – ýokarky äňiň maňlaý ösüntgisi, gözýaş süňki, gözenek süňküň gözhana bölegi; yzdan – esasy süňküň bedeni we maňlaý süňküniň gözhana böleginiň iň içki ýeri; aşaky diwary – ýokarky äňiň we duluk süňküniň gözhana tarap ýüzleri; yz tarapdan ony kentlewük süňküniň gözhana ösüntgisi emele getirýär; daşky diwary – esasy süňküň uly ganatynyň we duluk süňküniň maňlaý ösüntgisiniň gözhana tarap ýüzleri, şeýle hem maňlaý süňküniň duluk süňk ösüntgisiniň kiçiräk ýeri bilen emele gelen |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Ýaňak töweregi | Ýaňagyň has bildirip duran ýellenmesi (ýüzleý ýerleşende). Çuňňur ýerleşende dokumalaryň aram ölçeglerde ýellenmegi | Ýaňak töwereginiň derisiniň gyzarmagy. Ýaňagyň nemli bardasynyň gyzarmagy | Aram depginli agyry | Agyry sebäpli agzynyň açylyşynyň çäklenmegi (ýüzleý we çuňňur ýerleşende deň derejede) | Ýokarky uly we kiçi azy dişler, ýokanjyň gözasty, gulakýany-çeýneýiş we äňasty töwereklerden ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky – duluk süňküniň aşaky gyrasy; aşaky – äň bedeniniň aşaky gyrasy; öň tarap duluk süňk-ýokarky äň birleşmesinden agyz burçuna geçirilen çyzyk; yz tarapy – esasy çeýneyiş muskulyň öň tarap gyrasy |
| Çekge asty çukurjyk | Agyz bosagasynyň ýokarky aýlawynyň yzky bölegindäki gataňsylyk | Agyz bosagasynyň ýokarky aýlawynyň yzky böleginiň nemli bardasynyň gyzarmagy | Güýçli agyry. Agyrynyň göze ýaýramaklygy hem mümkin | Agzynyň açylyşynyň we aşaky äňiň gapdal hereketleriniň (sagdyn tarapa) aram çäklenmesi | Ýokarky uly azy dişler. Ýokanjyň agyrysyzlandyrma netijesinde eltilmegi. Ýokanjyň ýaňak, gulak-ýany-çeýneýiş töwereklerden, ganatşekilli – äň boşlugyndan ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky esasy süňküň çekgasty erňegi; öň tarap – ýokarky äňiň güberçegi we duluk süňki; yz tarap bizşekilli ösüntgi we ondan başlanýan muskullar; iç tarapdan – ganat şekilli ösüntgi, aşaky – äň şahasynyň iç ýüzi |
| Çekge töweregi | Çişme ojagy ýüzleý ýerleşende çekge töwereginiň dokumalarynyň has bildirip duran ýellenmesi | Çekge töwereginiň derisiniň gyzarmagy | Aram depgindäki agyry | Agyry sebäpli çeýneýiş kynçylygy | Ýokanjyň çekgasty çukurjykdan, gulakýany-çeýneýiş sebitinden ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi; deriniň ýokançly-çişme zeperlenmesi; çekge sebitiniň şikes ýarasynyň ýokanç bilen hapalanmagy | Daşky çekge gatlagara dokuma bardasy; ol aşaky böleginde ikä bölünýär we duluk süňküniň ýaýyna birleşýär, gatlagara dokuma bardasynyň gatlarynyň arasynda ýag dokumasy bar; aşaky – esasy |
| | Çişme ojagy çuňňur ýerleşende aram derejede bildirýän ýellenme | Deriniň gyzarmagy häsiýetli däl | Güýçli depginli agyry | Agzynyň açylyşynyň güýçli çäklenmegi | | |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | süňküň uly ganatynyň çekgasty gerşi; ýokarky we yzky çekge süňküniň teňňe şekilli böleginiň gyrasy; öň tarap duluk we maňlaý süňkleri; içki – çekge, kelle depe we esasy süňkler bilen emele gelen çekge meýdançasy |
| Ga-natkent-lewük çukurjygy | Çekgasty çukurjygyň iriňli çişmesi bilen bile bolanda agyz bosagasynyň ýokarky aýlawynyň yzky bölegindäki ýellenme | Çekgasty çukurjygyň iriňli çişmesi bilen bile bolanda agyz bosagasynyň ýokarky aýlawynyň yzky böle-giniň nemli bardasynyň gyzarmagy | Güýçli agyry. Agyrynyň göze, kellä ýaýramak-lygy hem mümkin | Agzynyň açylyşynyň we aşaky äňiň gapdal hereketleri-niň (sagdyn tarapa) aram çäk-lenmesi | Ýokanjyň çekgasty çukur-jykdan, gözha-nadan ikilenç aralaşmagy | Öň tarap ýokarky äň süňküniň bedeniniň çekgasty ýüzi; yz tarap esasy süňküň uly ganatynyň ýokarky äň we gözhana tarap ýüzi; aşaky – ganat-şekilli akabanyň girelgesi; içki kentlewük süňküniň gönüburç dik böleginiň ýokarky äň tarap ýüzi |
| Gaty kent-lewük | Gaty kentlewü-giň degişli bölegindäki togalak– süýri şekilli güberip duran ýel-lenmesi | Kentlewü-giň nemli bardasynyň gyzarmagy | Güýçli depginli sorkuldaýan agyrylar | Iýmit de-gende agyry döremegi sebäpli çeýneýiş kynçylygy | 5432 \| 2345 dişler. Ýokan-jyň agyrysyz-landyrma netijesinde eltilmegi | Gaty kent-lewük birnäçe süňkler bilen emele gelip, süňk esasly bolýar, onuň üsti süňk bar-dasy we nemli barda bilen örtülen |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Gulakýany-çeýneýiş töweregi | Çişme ojagy ýüzleý ýerleşende gulakýany-çeýneýiş töwereginiň dokumalarynyň güýçli bildirýän ýellenmesi | Gulakýany çeýneýiş – töwereginiň derisiniň gyzarmagy | Aram depginli agyry | Çeýneýiş kynçylygy (agyry we aram derejedäki äňleriň çişme gysylmagy sebäpli) | Ýokanjyň ýaňak töwereginden, çekgasty çukurjykdan, gulakýany tüýkülik mäzinden, şeýle hem gan damarlary boýunça ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky duluk süňküniň we onuň ýaýynyň aşaky gyralary; aşaky – äň bedeniniň aşaky gyrasy; öň tarap esasy çeýneýiş muskulyň öň tarap gyrasy; yz tarap – aşaky äňiň şahasynyň yzky gyrasy |
| | Çişme ojagy çuňňur ýerleşende aram derejede bildirýän ýellenme | Deriniň gyzarmaklygy häsiýetli däl | Güýçli depginli agyry | Agzynyň açylyşynyň güýçli çäklenmesi | | |
| Äňyzy töweregi | Äňyzy töwereginiň dokumalarynyň güýçli bildirýän ýellenmesi | Äňyzy töwereginiň derisiniň aram derejeli gyzarmagy | Güýçli depginli agyry | Agyry sebäpli çeýneýiş we ýuwdunmak kynlaşan | Ýokanjyň gulakýany– – çeýneýiş we äňasty töwereklerden, ganatşekilli – äň boşlugyndan ýaýramaklygy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky daşky gulak geçelgesiniň –aşaky diwary we çekge-aşaky äň bognuň bardasy; aşaky – aşaky äňiň aşaky gyrasy boýunça dowam edilen çyzyk; öň tarap aşaky äň şahasynyň yz gyrasy we içki ganat şekilli muskul; yz tarap çekge süňküniň emzik şekilli ösüntgisi we döş ýaýjygemzik şekilli muskul; içki çekge süňküniň birleşýän muskullary bilen biz şekilli ösüntgisi; daşky gulakýany-çeýneýiş gatlagara dokuma bardasy |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Ganat şekilli äň boşlugy | Ganat şekilli äň ýygyrdynyň töwereginiň ýellenmesi | Ganat şekilli äň ýygyrdyň töweregi-niň nemli bardasynyň gyzarmagy | Güýçli dep-ginli agyry | Agzynyň açylyşynyň güýçli çäklenme-gi, agyry sebäpli ýuwdun-masynyň bozulmasy | Aşaky üçünji uly azy dişler. Ýokanjyň agyrysyz-landyrma geçirilende, aralaşmagy | Daşky, aşaky äňiň şahasynyň iç ýüzi; içki – – içki ganat şekilli muskul; ýokarky – daş-ky ganat şekil-li muskul; öň tarapdan duluk muskul bilen serhetleşmegi; yz tarapdan gulakýany tüýkülik mäzi bilen bölek-leýin ýapylan |
| Damak-‑ýany boşlugy | Damagyň gapdal diwarynyň töwereginiň ýellenmesi | Damagyň gapdal diwarynyň nemli bardasynyň gyzarmagy | Aram dep-ginli agyry | Güýçli agyrylar sebäpli ýuwdun-masynyň has kyn-laşmasy, äňleriň aram derejede gysylmagy, dem alşyň kynlaşmagy | Kentlewük badamjyk-lary. Damagyň diwarlarynyň ýaralanmagy. Ýokanjyň ganat şekilli – – äň boşlugyn-dan, äňasty we gulakýany çeýneýiş töwe-reklerden ýaý-ramagy neti-jesinde ikilenç zeperlenmegi | Içki damagyň muskul bar-dasy; daşky – – içki ganat şekilli muskul we gulakýany tüýkülik mäziň çuň damak bölegi; öň tarapdan ganat şekilli muskulara barda we içki ganat şekilli muskulyň iç ýüzi; yz tarap-dan oňurga öňýany gatla-gara dokuma bardadan da-magyň muskul bardasyna birigýän gap-dal dokuma barda ösüntgi-leri; ýokarky kelleçanagyň düýbi |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Dilasty töweregi | Dilasty töwereginiň dokumalarynyň has güýçli bildirýän ýellenmesi | Agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynyň gyzarmaklygy | Aram depginli agyry | Agyry sebäpli çeýnemegiň, ýuwdunmagyň we geplemegiň bozulmalary | Aşaky äňiň islendik dişi, köplenç, kiçi we uly azylary. Agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynyň ýokançly – çişme zeperlenmeleri we ýaralanmalary | Ýokarky agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasy; aşaky äň, dilasty muskul; daşky aşaky äňiň bedeniniň iç ýüzi; içki – – dilasty we eňek-dil muskullary; |
| Eňegasty töweregi | Eňegasty töwereginiň dokumalarynyň güýçli bildirýän ýellenmesi | Eňegasty töwereginiň derisiniň gyzarmagy | Aram depginli agyry | Çeýnemegiň we ýuwdunmagyň agyry sebäpli kynlaşmagy | Aşaky alyn dişler. Ýokanjyň äňasty we dilasty töwereklerden ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky – – äň dilasty muskuly; aşaky – boýnuň ýüzleý gatlagara dokuma bardasy; gapdal tarap iki garynjykly muskulyň öň tarap garynjyklary; öň tarap – aşaky äňiň eňek böleginiň iç ýüzi |
| Äňasty töweregi | Äňasty töwereginiň dokumalarynyň güýçli bildirýän ýellenmesi | Kesel ojagy ýüzleý ýerleşende (derasty muskulyň ýokarsynda), äňasty töwereginiň derisiniň güýçli bildirýän gyzarmasy | Aram depginli agyry | Agyry sebäpli çeýnemek, ýuwdunmak we geplemek kynlaşan | Köplenç, aşaky äňiň kiçi we uly azylary. Ýokanjyň dilasty we eňegasty töwereklerden, ganat şekilli, äň boşlugyndan ýaýramagy, şeýle hem limfa damarlary boýunça ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky – –äň – dilasty muskuly; Asaky, öň – –ikigarynjykly muskulyň öň tarap garynjygy: aşaky yz – –ikigarynjykly muskulyň yz tarap garynjygy; daşky – – aşaky äňiň bedeniniň iç ýüzi |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Agyz boşlugynyň düýbi | I. Ýokarky gaty – dilasty töweregiň dokumalarynyň has güýçli bildirýän ýellenmesi | Agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynyň gyzarmagy | Aram depginli agyry | Güýçli agyrylar sebäpli çeýnemegiň, ýuwdunmagyň we geplemekligiň has güýçli bozulmalary. Demikmeklige çenli baryp ýetýän dem alyş bozulmasy mümkin | Ýokanç ojaklary aşaky äňiň islendik dişleri töweregindäki we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň çişme zeperlenmelerinde; Ýokanjyň gurşap alan töwereklerinden, şeýle hem limfa damarlary boýunça ýaýramagy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky – –agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasy; aşaky – – äň dilasty muskul; öň tarap daşky – – aşaky äňiň bedeniniň iç ýüzi; yzky diliň düýbi |
| | II. Aşaky gaty – –eňegasty töwereginiň, iki tarapdan hem äňasty töwerekleriň dokumalarynyň güýçli bildirýän ýellenmesi | Eňegasty we äňasty töwerekleriň derisiniň gyzarmasy | Aram depginli agyry | Güýçli agyrylar sebäpli çeýnemegiň, ýuwdunmagyň we geplemegiň has güýçli bozulmalary. Dem almagyň bozulmagy mümkin | Ýokanç ojaklary aşaky uly azy dişleriň töwereginde; Ýokanjyň gurşap alan töwereklerden, şeýle hem limfa damarlary boýunça ýaýramaklygy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky äň dilasty muskuly; öň tarap daşky – – aşaky äňiň bedeniniň iç ýüzi; yzky biz şekilli ösüntgä birleşýän muskullar we iki garynjykly muskulyň yzky garynjygy; aşaky sag we çep äňasty, şeýle hem eňegasty töwerekleriň derisi |
| Diliň bedeni | Diliň bedeniniň aram we güýçli bildirýän ýellenmegi, kähalatlarda dişleriň yzlary hem bildirýär | Diliň nemli bardasynyň gyzarmaklygy | Aram we güýçli depginli agyry | Diliň hereketleriniň agyry döredýändikleri sebäpli iýmit çeýnemek, ýuwdunmak we geplemek kynlaşan | Ýokanjyň dil dişlenip, balyk gylçygy, süňk, diş bejeriş gural, emeli diş gurnamasy we ş.m. bilen şikeslenmegi netijesinde diliň dokumasyna aralaşmagy | Diliň bedeni biri-biri bilen kesişip geçýän göni, kese we dik muskul süýümleri bilen emele gelen, olaryň aralary boýunça düýpli bir birleşdiriji dokuma gatlagy ýok |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Diliň düýbi | Dilasty töwereginiň dokumalarynyň güýçli bildirýän ýellenmesi, diliň göwrüminiň ulalmaklygy | Agyz boşlugynyň düýbüniň we diliň nemli bardasynyň gyzarmaklygy | Güýçli depginli agyry | Agyry sebäpli çeýnemekligiň, ýuwdunmaklygyň güýçli bozulmaklygy, dem almaklygyň bozulmaklygy mümkin | Ýokanç dil şikeslenende ýolugýar. Ýokanjyň dil badamjyklaryndan, dilasty, äňasty we eňegasty töwereklerden ýaýramaklygy netijesinde ikilenç zeperlenmegi | Ýokarky diliň öz muskuly; aşaky – äň–dilasty muskuly; daşky iki tarapdan hem eňek-dil, dilasty-dil muskullary |
| Boýun | Boýnuň öň we gapdal taraplarynyň aram we güýçli bildirýän ýellenmesi | Boýnuň derisiniň ýellenme ýerindäki gyzarmasy | Aram we güýçli depginli agyry | Kelläniň hereketleriniň çäklenmegi; ýuwdunmagyň kynlaşmagy hem mümkin | Ýokanjyň şikes, limfa düwnüniň iriňleme-çişmesi netijesinde; äňasty töwerekden aralaşyp ikilenç zeperlenmegi | Boýun öň we yz tarap töwereklere bölünýär. Öň tarapynda 4 sany üçburçluk ýerleşýär: 1. Uky üçburçlugy: öň tarapy pilçe-dilasty muskuly; yz tarapy döş--ýaýjygemzik şekilli muskuly; ýokarsy iki garynjykly muskulyň yz garynjygy; 2. Pilçe-kekirdek üçburçlugy: ýokary – –daşky tarapy pilçe-dilasty muskuly; aşaky - daşky tarapy döş--ýaýjygemzik şekilli muskuly; iç tarapy boýnuň orta çyzygy ýa-da kekirdek |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | 3. Pilçe-dörtburçluk şekilli üçburçlugy: ýokary -iç tarapy döş ýaýjygemzik şekilli muskul; aşaky iç tarapy pilçe-dilasty muskul; yz tarapy dörtburçluk şekilli muskulyň öň tarap gyrasy; 4. Pilçe-ýaýjyk üçburçlugy: öň tarapy döş ýaýjygemzik şekilli muskul; yz tarapy – pilçe-dilasty muskul; aşaky tarapy ýaýjyk süňki. Boýnuň yz tarapynda, esasan, muskullar ýerleşen we öň tarap bilen iki tarapdan hem dörtburçluk şekilli muskulyň öň gyralary bilen araçäkleşýär |

Abssesde we flegmonada keseliň sebäbi bolan dişi sogurmak meselesi äňleriň ýiti diş sebäpli osteomiýelidindäki ýaly çözülýär. Wagtynda geçirilen iriňli ojagy kesip ýarmak çişme keseliň mundan beýläk ýaýramagyny we dokumalaryň çüýreme hadysasyny çäklendirýär, dokumalaryň we ýokançlaryň dargama önümleriniň gana siňmegini azaldýar (ýagny bedeniň zäherlenmesini peseldýär), agyryny azaldýar ýa-da doly aýyrýar. Deri örtüginde we agyz boşlugynyň nemli bardasynda geçirilýän kesimiň uzynlygy çişme gataňsylygyň ölçegleri bilen kesgitlenilýär. Derini, derasty ýagly gatlagy, derasty muskuly we gatlagara dokuma bardasyny gatma-gat kesýärler, çuňňur ýerleşen dokumalary bolsa uly damarlaryň we nerwleriň ýerleşişlerine görä, öýjükli dokuma boşluklarynyň ugurlary boýunça gatma-gat goparýarlar. Iriňiň oňat akyp çykmagyny üpjün etmek üçin dokumalary iriňli ojagyň

iň aşak çeti boýunça kesýärler. Amal ýarasyndan suwuklyk akyp çykmagy üçin elliklerden kesilen rezin zolaklary, şeýle hem uçlary aýlaw edilen we deşilen dürli ölçeglerdäki turbajyklary (rezin, polihlorwinil) ulanýarlar.

Äň-ýüz töwereginiň absseslerini we flegmonalaryny kesip ýarmak üçin amal ýoluny iriňli ojagyň ýerleşýän ýerine baglylykda saýlap alýarlar (*75-nji a,b,ç suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*75-nji a, b, ç suratlar.* Äň-ýüz töwereginiň ýumşak ýag gatlakly boşluklarynyň we töwerekleriniň absseslerini we flegmonalaryny kesip ýarmak üçin amal ýollary (taslamasy):

*a* – ýüzüň gapdal tarapynda; *b* – ýüzüň öň tarapynda; *ç*) – agyz boşlugynda. 1 – çekge; 2 – gözhana; 3-duluk süňki; 4 – gözasty; 5 – gulakýany – çeýneýiş; 6- ýaňak; 7 – äňyzy we damakýany; 8 –äňasty; 9 – eňegasty; 10 – agyz boşlugynyň düýbi; 11 – çekgasty we ganatkentlewük çukurjyklary; 12 – ganat şekilli – äň boşlugy

*Gözasty töweregiň* abssesinde we flegmonasynda iriňli ojak çuňňur ýerleşende, («it çukurjygynyň» töwereginde) agyz bosagasynyň ýokarsy boýunça kesip ýarýarlar. Nemli barda we nemli bardasty gatlak kesilenden soňra, kütek usul (gan saklaýjy gysgyç) bilen «it çukurjygynyň» deňine çenli geçýärler. Kesel ýüzleý ýerleşende, derini kesmegi gözhananyň aşaky gyrasyna ugurdaş edip ýa-da burun-dodak ýygyrdynda, üstüniň ähli ýumşak dokumalary boýunça kesip amala aşyrýarlar.

*Duluk süňküň töwereginiň* abssesini we flegmonasyny kesip ýarmagy deri örtükler boýunça ýüz nerw ulgamynyň şahalaryny göz öňüňde tutup, has güýçli bulkuldyly ýerinden geçirýärler.

*Gözhananyň* abssesinde ýa-da flegmonasynda gözhananyň aşaky ýa-da ýokarky daş gyrasy boýunça derini kesýärler. Gan saklaýjy gysgyjy ulanyp, kütek ýol bilen süňk diwary boýunça gözhanasynyň içine girýärler we iriň ojagyny ýarýarlar. Şeýle hem iriň ojagyny ýarmak we iriň akdyrmak ýokarky äň boşlugy tarapdan, onuň ýokarky diwarynyň yz bölegini, ýagny gözhananyň düýbüni aýyrmak arkaly hem amala aşyrylyp bilner.

*Ýaňak töwereginiň* abssesini we flegmonasyny iriňli ojak ýaňagyň nemli bardasy bilen ýaňak muskulynyň arasynda ýerleşende, agyz boşlugy tarapdan ýaňagyň nemli bardasynda çeýneýiş çyzygynyň ugry boýunça kesim geçirýärler. Iriňli ojak ýüzleý ýerleşende, kesmekligi deri örtügi boýunça, ýüz nerw ulgamynyň şahalaryna ugurdaş edip ýa-da burun-dodak ýygyrdynyň ugry bilen geçirýärler.

*Çekgasty we ganat-kentlewük çukurjyklarynyň* abssesi we flegmonasy agyz içre ýa-da daşyndan kesilip ýarylyp bilner. Ýokarky uly azylaryň soňky ikisiniň deňesinde agyz bosagasynyň nemli bardasynyň ýokarsy boýunça kesýärler. Egri gan saklaýjy gysgyç ýa-da ýapylan gaýçy bilen guraly ýokarky äňiň güberçegi boýunça yza, içgin we ýokaryk ugrukdyryp, iriň ýygnanan ýere barmaly. Deri örtükleri tarapdan bu öýjükli dokuma boşlugynyň iriňli ojagy çekge muskulynyň öň tarap gyrasy boýunça, duluk süňküniň aşagy we äňasty töwerek boýunça (içgin ganat şekilli muskuly aşaky äňden goparmak bilen) kesilip ýarylyp bilner.

*Çekge töwereginiň* abssesini we flegmonasyny deri örtükleri tarapdan kesip ýarýarlar. Flegmona ýüzleý ýerleşende, kesmekligi duluk ýaýynyň ýokarky gyrasyna ugurdaş edip ýa-da çekge muskulynyň süýümlerine ugurdaş şöhle ýaýraýşy ýaly geçirýärler. Flegmona çuňňur ýerleşeninde, çekge muskulynyň kelläniň üstüniň süňklerine birleşýän çyzygy boýunça ýarymaý şekilli kesýärler. Derini, derasty öýjükli dokumany kesýärler. Gulagyň öňündäki serkäniň öňünden ýüzleý çekge arteriýany we adybir wenany tapýarlar hem-de yza süýşürýärler, soňra ýüzleý we çekge muskulynyň bardalaryny kesýärler. Ondan soňra kütek ýol bilen çekge muskulynyň süýümlerini gapdala süýşürip, iriňli ojagy ýarýarlar.

*Gulakýany – çeýneýiş töweregiň* abssesini we flegmonasyny äňasty we äňyzy töwerekleriň deri örtügi tarapyndan kesip ýarýarlar. Aşaky äňiň aşaky gyrasyndan 1,5 *sm* aşakdan, oňa ugurdaş edip kesýärler. Derini, derasty ýagly gaty, gatlagara dokuma bardany we esasy çeýneýiş muskulynyň siňirini aşaky äňden (biraz ýerinde) kesip aýyrýarlar. Soňra aşaky äňiň şahasynyň daş ýüzi boýunça kütek ýol bilen iriňli ojaga girýärler. Eger-de flegmona çeýneýiş muskulyň üstünde ýüzleý ýerleşen bolsa, onda äňasty sebitde geçirilen kesimden bu muskulyň üstüne tarap geçýärler. Deri ýukalanda we güýçli bildirip duran bulkuldy bolanynda kesmekligi şol ýer boýunça, ýüz nerw ulgamynyň şahalaryna ugurdaş edip amala aşyrýarlar.

*Äňyzy töweregiň* abssesini we flegmonasyny (gulakýany tüýkülik mäziň damak böleginiň ýerleşen ýerinde) deri örtükleri tarapdan aşaky äňiň şahasynyň yz gyrasyna ugurdaş edip şahanyň yz gyrasy we döş ýaýjygemzik şekilli muskulyň öň gyrasy boýunça aralykdan kesmek arkaly geçirýärler. Päki bilen derini we bu ýerde gataňsy bolan gatlagara dokuma bardasyny kesýärler, soňra bolsa iriňli ojaga kütek ýol bilen barýarlar.

*Ganat şekilli äň boşlugyň* abssesi we flegmonasy agzyň daşyndan ýa-da agyz içre ýollar bilen kesilip ýarylyp we iriňi akdyrylyp bilner. Agzyň daşyndan geçirilýän kesimi çişme kesel çalt döräp we ulalyp başlanda, iriňli ojak aşaky äňiň burçunyň iç gyrasynda ýerleşende ulanýarlar. Aşaky äňiň burçy boýunça aýlanýan kesimi äňasty töwerek boýunça dowam etdirýärler. Äňiň burçy açylandan soňra, ondan içki ganat şekilli muskuly bölekleýin kesip aýyrýarlar we kütek ýol bilen aşaky äňiň şahasynyň iç ýüzi boýunça iriňli ojaga girýärler. Agyz

içre kesimi iriňli ojak ganat şekilli äň boşlugynyň ýokarky böleginde ýerleşende ulanýarlar. Kesgir ýeriniň ýarysy zyýansyzlandyrylan hasa dolanan päki bilen ganat äň ýygyrdynyň ugry boýunça nemli bardany kesýärler. Soňra kütek ýol bilen içki ganat şekilli muskulyň we aşaky äňiň şahasynyň iç ýüzüniň arasy boýunça boşluga aralaşýarlar.

*Äň-dil ganawjygynyň* abssesini agyz içre kesim bilen kesip ýarýarlar. Päkiniň ujuny aşaky äňiň öýjükli ösüntgisiniň iç ýüzüne tarap gönükdirip, dokumalaryň güberip duran ýeriniň nemli bardasy boýunça kesim geçirýärler. Soňra egri gan saklaýjy gysgyç bilen ýaranyň gyralaryny açýarlar we çuňňur girip, iriňli ojagy ýarýarlar (*76-njy surat*).



*76-njy surat.* Äň-dil ganawjygynyň abssesiniň kesilip ýarylyşy:
1 – «sebäpkär» bolan kiçi azy dişi; 2 – ugur görkezýär; 3 – dilasty arteriýa we wena; 4 – iriňli ojak; 5 – kökujy ýokançly zeperlenme ojagy; 6 – dilasty tüýkülik mäz; 7 – aşaky äňiň bedeni; 8 – äňdilasty muskul; 9 – äňasty tüýkülik mäz

*Damakýany boşlugyň* abssesi we flegmonasy agyz içre we agyzdan daşary ýollar bilen kesip ýarylýar. Agyz içre kesimi iriňli ojak damakýany boşlugyň öň tarap ýokarky böleginde ýerleşende ulanýarlar. Ganat äň ýygyrdy boýunça (ondan birneme içgin) nemli bardany kesýärler, kütek ýol bilen iriňli ojagyň boşlugyna girýärler. Agyzdan daşary ýoly damakýany boşlugyň yzky böleginde ýerleşen iriňli ojagy kesip ýarmak üçin ulanýarlar. Aşaky äňiň burçundan aýlanýan we ondan 1,5-2 *sm* aşakdan geçýän 5-7 *sm* uzynlykda kesim geçirýärler. Derini, derasty ýag gatlagyny, ýüzleý gatlagara dokuma bardasyny we tutuş kesimiň uzynlygy boýunça boýnuň derasty muskulyny kesýärler. Äňasty tüýkülik mäzini aşak süýşürip, kütek ýol bilen ganat äň boşlugyna girýärler. Soňra gan saklaýjy gysgyç bilen içki ganat şekilli muskulyň süýümlerini açyşdyryp, damakýany boşlukdaky iriňli ojagy ýarýarlar.

*Eňegasty töwereginiň* abssesini we flegmonasyny aşaky äňiň gyrasyna ugurdaş ýa-da orta çyzyk boýunça (aşaky äňden dilasty süňke çenli) kesim bilen ýarýarlar, derini, derasty ýag gatlagyny we ýüzleý gatlagara dokuma bardasyny kesýärler we iriňli ojaga kütek ýol bilen girýärler.

*Äňasty töwereginiň* abssesini we flegmonasyny aşaky äňiň gyrasy boýunça ugurdaş hem-de ondan 1,5-2 *sm* aşakdan deri örtükleri boýunça geçirilen 5-6 *sm* uzynlykda kesip ýarýarlar. Tutuş galyňlyk boýunça derini, derasty ýag gatlagyny, boýnuň derasty muskulyny, boýun gatlagara dokuma bardasyny gatma-gat kesýärler. Soňra gan saklaýjy gysgyç bilen äňasty tüýkülik mäzi aşak süýşürýärler we iriňli ojagy ýarýarlar.

*Agyz boşlugynyň düýbüniň* flegmonasy iki we ondan-da köp öýjükli dokuma boşluklarynda ýerleşýändigi sebäpli amal geçirmek üçin çemeleşmek birtaraplaýyn bolmaly däldir. Flegmona birtarapdan äň dilasty muskulyň (agyz boşlugynyň düýbüniň germewiniň) aşagynda ýerleşende, ony äňasty kesim bilen kesip ýarýarlar. Kesel iki taraplaýyn ýerleşende, *sag* we çep äňasty töwerekleriň aralarynda 1-2 *sm* ýer goýup, kesim geçirýärler ýa-da «ýaka» şekilli kesim geçirýärler. Flegmona ýokarky gat diýlip atlandyrylýan ýerde, äň-dilasty muskulyň ýokarsynda, ýagny dilasty boşlukda ýerleşende, ony äň-dilasty we eňek-dilasty muskullaryň süýümlerini bölekleýin kesmek bilen eňegasty töwerekde geçirilýän kesim arkaly ýarýarlar.

*Agyz boşlugynyň düýbüniň çüýreme-zeperlenme* flegmonasyny «ýaka» şekilli kesim bilen kesip ýarýarlar. Çişme hadysasyna çekilen hemme öýjükli dokuma boşluklaryny (äňasty, eňegasty, dilasty) giňişleýin açýarlar we suwuklyk akar ýaly (turbajyk ýa-da zolak görnüşli akdyryjylar bilen) şert döredýärler. Şeýle hem damakýany, ganat-äň boşluklary we diliň düýbüniň çuňňur muskullarynyň aralary barlanylmalydyr. Şol birwagtda çüýrän dokumalary hem aýyrýarlar. Çüýreme-zeperlenme flegmona çekge, gulakýany-çeýneýiş we beýleki öýjükli dokuma boşluklarynda ýerleşende, olary deri örtükleri tarapdan ýokarda getirilen amal ýollary arkaly giňişleýin açýarlar we suwuklyk akdyryjy turbajyklary goýýarlar.

*Diliň* abssesini ýa-da flegmonasyny arka ýa-da gapdal taraplarynyň ýumşak ýerleri boýunça (doly emele gelen iriňli ojaklar ýokarky gapdal ýerlerinde ýerleşende) göni kesip ýarýarlar.

*Diliň kökündäki* çuňňur iriňli ojaklary eňegasty töwerekde orta çyzyk boýunca kesip ýarýarlar. Derini, derasty ýag gatlagyny, ýüzleý gatlagara dokuma bardasyny, boýnuň derasty muskulyny we äň-dilasty muskuly gatma-gat kesýärler. Soňra kütek ýol bilen eňek-dilasty we eňek-dil muskullary süýşürişdirip diliň köküne girýärler.

*Gaty kentlewügiň* abssesini iriňli ojagyň has güberip duran ýerinde öýjükli ösüntgä ugurdaş edip, onuň diwarynyň üçburç ýa-da süýri bölejigini kesip aýyrmak arkaly ýarýarlar. Beýle edilmegi ýaranyň gyralarynyň biri-biri bilen birleşmezligini we iriňiň erkin akmagyny üpjün edýär (*77-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*77-nji a, b suratlar.* Gaty kentlewügiň abssesiniň kesilip ýarylyşy:
*a* – iriňli ojagyň kesilişi; *b* – ýaranyň gyrasynyň bölejiginiň kesilip aýrylyşy

*Boýnuň abssesini we flegmonasyny* kesip ýarmagy wajyp damarlary we nerw ulgamy göz öňünde tutup, bulkuldynyň ýa-da gataňsylygyň iň güýçli bildirýän ýeri boýunça deride geçirilýän döş-ýaýjygemzik şekilli muskulyň ugry boýunça dik ýa-da boýnuň kese gasynlary boýunça we ýaýjyk süňküň üstünden oňa ugurdaş kesimler bilen amala aşyrylýar.

Iriňli ýaranyň geçişiniň birinji döwründe, köplenç ýagdaýda, sorujy ukyby bolan sargylar, şeýle hem zyýansyzlandyryjy erginleri (furasilin, etakridin laktat) we protein erediji fermentler bilen sargylary ulanýarlar. Bularyň hemmesi ýaranyň çüýrän–zeperlenen dokumalardan çalt arassalanmagyna, çişme hadysany peseltmeklige we ýokançlaryň ýaşaýjylygyny basyp ýatyrmaklyga gönükdirilýär. Äň--ýüz töwereginiň çişme keseli bolan näsaglaryň sargylaryny her gün, çüýreme zeperlenme flegmonalarda her 6-8 sagatdan çalşyryp durýarlar. Ýaradan iriňiň oňat akmagyny üpjün etmek we dermanyň täsirini oňat ýetirmek maksady bilen, ýerli dializ geçirilýär. Ýaranyň suwuklygynyň oňat, işjeň akyp durmagyny oňa girizilen turbajyk görnüşli akdyryjylar bilen amala aşyrýarlar. Ergini goýbermegiň düzgünine baglylykda bölekleýin we yzygiderli dializ görnüşleri bar. Ýokanja garşy dermanlaryň, zyýansyzlandyryjylaryň, işjeň-üstli maddalaryň erginlerini goýberýärler. Ýokançlaryň kesel döretmek ukybyny we olaryň mukdaryny peseltmeklige, olaryň zäherlerini zyýansyzlandyrmaklyga wajyp ähmiýet berilýär. Bu ýokanja garşy derman we sulfanilamidler ulanylyp geçirilýän maksadalaýyk ýokanja garşy bejergi, bedeniň kesele garşy mahsusy däl işjeňligine täsir etmek arkaly gazanylýar. Ýokanja garşy we immun ýardam bejerginiň esaslary äňleriň osteomiýelidiniň ýiti döwrüniň bejergisinde beýan edilen.

Howasyz şertlerde köpelýän ýokançlar döreden çişme hadysa görnüşinde geçýän ýüzüň we boýnuň çüýreme-zeperlenme flegmonalarynda derasty ýa-da muskul içi gazly çüýremäni dörediјileriň üç görnüşine (*Cl. perfringens, Cl. oedematiens, Cl. septicum*) zähere garşy madda saklaýan köp düzümli gan syworotkasyny sançýarlar.

Zäherleri zyýansyzlandyrmak we suw-duz çalşygyny kadalaşdyrmak üçin yzygiderli zäherleri çykarmak boýunça bejergi geçirilýär. Birnäçe ýumşak ýag gatlakly boşluklary eýeleýän ýaýraň flegmonaly, çüýreme-zeperlenme flegmonaly näsaglarda zäherleri çykarmak boýunça bejergini näsaglary umumy agyrysyzlandyrma taýýarlanylýan döwri başlamaly. Bir gije-gündiziň dowamynda goýberilýän suwuklygyň umumy mukdary näsagyň agramynyň 1 *kg*-na 50-60 *ml-e* çenli bolup biler. Wena içre natriniň hloridiniň izotoniki ergini, Ringer-Lokkuň ergini, glýukozanyň 5%-li ergini, proteinli erginler, gemodez goýberýärler. Damara suwuklyk goýberip, bejergi geçirilende, näsagyň buşukmasyna gözegçilik etmeli we gerek bolan ýagdaýynda buşukdyryjy dermanlary (furosemid) ulanmaly.

Näsagyň bedeniniň ýokary duýgurlylygyny peseltmek maksady bilen, gistamine garşy dermanlar – dimedrol, suprastin, diazolin ýa-da pipolfen 0,025-0,05 *g* möçberde, günde 2-3 gezek goýberilýär.

Bedeniň kesele jogabynyň ýokary işjeňlik görnüşinde böwregüsti mäziň gormonlary – wena içre damjalaýyn 30 *mg* prednizolon bellenilýär. Ýürek-damar ulgamynyň işini goldamaga gönükdirilen bejergi (strofantin, korglýukon, panangin, kokarboksilaza, riboksin belleýärler) geçirilýär.

Abssesi ýa-da flegmonany kesip ýaranlaryndan soňra ertesi güni bejerginiň fiziki görnüşleri – pes gyzdyrýan möçberlerdäki HÝÝ elektrik meýdanlaryň täsiri, geliý-neon lazeri bilen şöhlelendirmek bellenilýär. Ýüzüniň we boýnunyň çüýreme-zeperlenme flegmonasy bolan näsaglarda ýara ultramelewşe şöhle tutmak görkezilendir. Giperbarik oksigenasiýa geçirmek, ony geçirmeklige şert bolmadyk ýagdaýynda bolsa, ýaranyň içine turbajyk arkaly wagtal-wagtal kislorod goýberip durmak örän netijelidir. Ýokumly iýmitlenmegiň, witaminleri kabul etmekligiň, agyz boşlugynyň arassa saklanylmagynyň köp ähmiýeti bar.

Iriňli ýaranyň geçişiniň ikinji döwründe (suwuklykdan arassalanma) düwür-düwür dokumalary şikesden goramak üçin çäreler görülýär, ýara wazelin ýagy, streptomisin emulsiýasy ýa-da Wişnewskiniň melhemi bilen sargylar goýulýar. Düwür-düwür dokumalara zeper ýetiriji täsirleri bolanlygy üçin ýarany ýokary mukdarly duz ergini we zyýansyzlandyryjylar bilen saramaly däl. Ýara arassalandygyça we onuň içi düwür-düwür dokumalardan doldugyça, ikilenç tikinleri goýýarlar.

Bejeriş bedenterbiýesini ýiti çişme alamatlar azalandan soňra we ýellenme kiçelenden soňra ulanýarlar.

Türkmenistanly alymlar, hususan-da TDLU-nyň alym mugallymlary äň-ýüz töwereginiň flegmonalarynyň toplumlaýyn bejergisiniň çäklerinde nebitdakyl ulanmaklygy teklip etdiler we amaly lukmançylyk işini girizdiler (Baýryýew Ç. B., Agabalaýew N. A., 1971; Mämmedow K. M., 1974). Şeýle hem diş sebäpli absseslere we flegmonalara (Hudaýnazarow T. S., 1970), äň-ýüz töwereginiň flegmonasy bolan näsaglaryň toplumlaýyn bejergisine bagyşlanylan ylmy işler (Begiýew M. B., 1979) berjaý edilen.

## 6.6. ÝÜZÜŇ WE BOÝNUŇ LIMFANGITI, LIMFADENITI HEM-DE ADENOFLEGMONASY

Kelläniň we boýnuň limfa gän düwünlerini aşakdaky toparlara bölýärler: ýeňse, emzikşekilli we çuňňur gulakýany; ýüze degişlileri (ýaňak, burun-dodak, azy, aşaky äň); eňegasty; aşaky äňasty; öň tarap we gapdal boýun (ýüzleý we çuňňur) (*78-nji surat*).

Limfangit we limfadenit kesselleriniň döredijileri stafilokokklar, seýrek halatlarda streptokokklar we olaryň toplumlary, şeýle hem howasyz şertlerde köpelýän ýokançlardyr.




*78-nji surat.* Ýüzüň we boýnuň limfa (gän) damarlary we düwünleri. Ugur görkeziji çyzyklar bilen gän suwuklygynyň akymy görkezilen:
1 – ýeňse gän düwünleri; 2 – emzik şekilli gän düwünleri; 3 – çuňňur gulakýany gän düwünleri; 4 – aşaky äň gän düwni; 5 – äňasty gän düwünleri; 6 – eňegasty gän düwünleri; 7 – boýnuň öň tarap ýüzleý gän düwünleri; 8 – boýnuň gapdal tarap çuňňur gän düwünleri

Ýüzüň we boýnuň limfa ulgamynyň keselleri, esasan, ýokanjyň diş keselleri sebäpli geçmegi netijesinde döreýär. Ýiti periodontitde ýa-da üznüksiz periodontidiň ýitileşmeginde, kökýany kista iriňlände, aşaky üçünji azy kynlyk bilen çykanda, diş öýjüginiň çişmesinde, şeýle hem äňleriň osteomiýelidinde, absseslerde we flegmonalarda limfadenit diş sebäpli çişme keseller bilen bilelikde geçip biler.

Şeýle hem äň-ýüz töwereginiň limfadenitleri diş sebäpli ýokanç ýaýranda, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň, damak badamjyklarynyň, daşky, orta we içki gulagyň dokumalarynyň, kelläniň we boýnuň deri örtükleriniň çişme kesellerinde we zeperlenmelerinde döräp biler.

Limfa düwünleri dişleriň, süňk bardasynyň, süňküň we ýumşak dokumalaryň çişme ojaklaryndan limfa suwuklygy bilen akyp gelýän ýokançlary, zäherleri, başga gyjyndyryjylary özünde saklap galýan özboluşly tebigy «süzgüç» bolup durýarlar. Ýokançlar hemişe täsir edip duranlarynda limfa düwünler olary zyýansyzlandyrma ukybyny ýitirýärler we peýdaly «süzgüç» ýagdaýyndan ýokançlaryň we olaryň dargama önümleriniň «zibilhanasyna» öwrülýärler. Çişme kesel bolanynda limfa düwnünde çylşyrymly hadysalar bolup geçýär. Bedene garşy madda gyjyndyrmalary olara garşy plazma öýjükleriniň köpelmekligine getirýär we olardan bolsa aglabasy T-öýjük bolan ýokary duýgurlylyk ýagdaýyndaky limfositler emele gelýärler. Olar öýjük kesel goranyşyň dürli jogap görnüşlerini emele getirýärler. Ýiti ýa-da üznüksiz çişme hadysa döreýär. Başga sözler bilen aýdylanynda, ýokanja garşy bedeniň umumy gorag alamatlarynyň peselmegi we bozulmagy limfa damarlarynda we düwünlerinde çişme hadysasynyň döremegini kesgitleýär.

### 6.6.1. Limfangit

Limfangitler (gän damar çişmesi), adatça, seýrek duş gelýärler. Limfangit ýokanjyň, esasan, diş keselleri netijesinde ýaýramagynda döräp bilýär. Limfangitiň geçişiniň ýiti we üznüksiz görnüşleri bar.

**Keseliň görnüşi.** Ýiti limfangit üçin ýüzüň we boýnuň bellibir ýeriniň agyrysynyň döremegi, umumy gowşaklyk, ysgynsyzlyk, kellagyry, üşütme, gyzdyrma häsiýetlidir. Bedeniň gyzgyny 38-39°C-ä çenli ýokarlanýar. Köplenç, *ýüzleý limfangit* döreýär we munda ýüzleý ownuk limfa damarlaryň ulgamy zeperlenýär. Kesel deriniň bellibir ýeriniň gataňsylygynyň döremegi bilen häsiýetlendirilýär, onuň reňki gyzyl, ellenip barlanylanda agyryly bolýar. Köplenç, beýle ýagdaý ýaranyň, abssesiň, limfadenitiň töwereginde emele gelýär. Ýüzleý gataňsylykdan limfa damarlaryň ugry boýunça limfa düwünlerine barýan gyzyl zolaklar döreýär.

Beýleki ýagdaýlarda *limfa damar sütünleri* zeperlenip (*sütün limfangiti*) bilerler. Damarlaryň ugry boýunça agyry ýüze çykýar, näsagyň umumy ýagdaýy agyrlaşýar, bedeniň gyzgyny ýokarlanýar, üşütme we zäherlenmäniň beýleki alamatlary döreýär. Ýüzüň we boýnuň derisinde 2-3 ýa-da 3-4 sany ýasy, limfa düwünlerine barýan açyk gyzyl reňkli zolaklar emele gelýär. Ýuwaş-ýuwaşdan zolaklar ulalýar, agyryly ýogyn bagjyk görnüşine geçip, gataňsy ýagdaýa geçýär. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda limfa düwünleri hem ulalýar we kesel ýiti iriňsiz ýa-da ýiti iriňli limfadenit bilen bilelikde geçýär.

Ýüzley we sütün limfa damarlarynyň ýiti çişmesi üznüksiz döwre hem geçip biler. Ol agyrylaryň azalmagy, bedeniň gyzgynynyň peselmegi we başga alamatlar bilen häsiýetlendirilýär. Kesel haýal 3-4 we ondan-da köp hepdäniň dowamynda geçýär. *Üznüksiz torly limfangitde* gyzyl reňkli gataňsy deri ýüze çykýar. Zolaklar dartgynly, ýalpyldaýan deri bilen örtülen ýaýraň gataňsylyk ýerini emele getirýär.

*Üznüksiz sütün limfangitinde* kesel ondan-da haýal geçýär. Ýüzüň we boýnuň damarlarynyň ugry boýunça ýerleşen gataňsylygyň ýerinde gögümtil ýukajyk deri bilen örtülen ýumşak dykyzlykly ýerler emele gelýär.

**Anyklamasy.** Ýüzüň limfangitini beze çişmesinden tapawutlandyrmak gerek. Beze çişmesinde ýüzüň köp ýerlerinde gyzyl reňkli gataňsy deri ýüze çykýar. Torly limfangitde ownuk damarlar zeperlenýär we olar ýüzüň we boýnuň bellibir ýerinde bolýar. Sütün limfangitini ýüzüň wenalarynyň flebitinden, tromboflebitinden tapawutlandyrmak gerek. Sütün limfangiti kesele derini hem çekýär, onuň limfa düwnüne barýan gyzyl reňkli zolak görnüşi emele gelýär. Çişme keselde we gan lagtaly çişme keselinde wenanyň ugry boýunça dartgynly çekip duran zolak döreýär, onuň üstüniň derisi uzak wagtlap üýtgemeýär. Şeýle hem umumy zäherlenme alamatlary has güýçli bildirýär: kellagyry, gowuşgynsyzlyk, bedeniň gyzgynynyň 39°C we ondan-da ýokarlanmagy we ş.m.

Anyklama keseliň görnüşiniň esasynda kesgitlenilýär. Kesel anyklamasynda düýpli kynçylyklar döreýär.

### 6.6.2. Limfadenit

Ýüzüň we boýnuň töwerekleriniň limfadenidi (gän düwünleriniň çişme keseli), köplenç, äňasty üçburçlukda, seýrek – eňegasty töwerekde duş gelýär. Käbir näsaglarda ýüz, damagyzy we gulakýany limfa düwünleri zeperlenýär.

Limfa düwünleriniň çişme zeperlenmeleriniň ýiti (iriňsiz we iriňli) we üznüksiz görnüşleri bar. Iriňli çişme çäklenen görnüşinde bolýar. Üznüksiz limfadenit düwün içre öýjükleriň köpelme hadysasy görnüşinde ýüze çykýar. Üznüksiz limfadenit ýitileşen we iriňli görnüşe geçip biler.

*Ýiti iriňsiz (seroz) limfadenit* limfa düwnüň ýa-da olaryň birnäçesiniň agyrysynyň we ýellenmekliginiň döremegi bilen häsiýetlendirilýär. Umumy ýagdaýy kanagatlanarly, käbir näsaglarda bedeniň aram ýokary gyzgyny, umumy ýagdaýynyň agyrlaşmagy ýüze çykýar. El bilen barlagda ulalan, agyryly, adatça, togalak ýa-da süýri görnüşinde düwün kesgitlenilýär. Onuň üstüniň derisi bilen birleşmedik, reňki üýtgemedik.

Limfa düwnündäki ýokanjyň başlangyjy bolan kesel ýagdaý aýrylanynda ýa--da peseleninde onuň ölçegleri kiçelýär, ýumşak bolýar, agyrysy aýrylýar. Ganyň, peşewiň görkezijileriniň üýtgemegi ýüze çykmaýar, emma käbir näsaglarda ganyň ak öýjükleriniň sany (9-10×$10^{9/l}$) ýokarlanyp biler.

*Ýiti iriňli limfadenit.* Iriňsiz çişmäniň iriňli hadysa geçmegi ýa-da üznüksiz görnüşiň ýitileşmegi netijesinde döreýär. Kesel zeperlenen limfa düwnündäki agyrylaryň, käwagtlar bolsa güýçli agyrylaryň ýüze çykmagy bilen häsiýetlendirilýär. Näsagyň umumy özüni duýşy erbetleşýär, bedeniň gyzgyny 37,5-38°C-ä çenli ýokarlanýar. Barlanylanda zeperlenen limfa düwnüň degişli ýeriniň dokumalarynyň

ýellenmesi kesgitlenilýär. El bilen barlanylanda agyryly, çäklenen togalak görnüşli gataňsylyk ýüze çýkarylýar. Onuň üstüniň derisi gyzaran, pökgeren, ýuwaş-ýuwaşdan limfa düwni bilen birleşýär. Çişme hadysasynyň damagyzy, gulakýany limfa düwünlerde ýerleşmegi netijesinde ýuwdunmak agyryly, agzynyň açylyşy çäklenýär. Käbir näsaglarda limfa düwnüniň abssesleşmegi haýal we ýuwaş-ýuwaşdan bolýar, kähalatlarda bolsa oňat bildirýän umumy we ýerli bozulmalar döremezden 1-2 hepdäniň dowamynda bolup geçýär. Çişme alamatlarynyň artmagy has bildirip duran düwünýany dokumalaryň çişmesine getirýär. Gataňsylygyň ölçegleri ulalýar, derasty dokumalar bilen has uly ýerde birleşýär, garamtyl – gyzyl reňk alýar, onuň merkezinde ýumşan ýer (çäklenen iriňli periadenit) kesgitlenilýär.

Ýiti iriňli limfadeniti we çäklenen iriňli periadeniti limfa düwünleriň mahsusy kesellerinden, esasan hem, inçekeselden, aktinomikozdan tapawutlandyrmak gerek. Olar üçin keseliň haýal we uzak geçmegi häsiýetlidir. Iriňi barlamak kesel kesgitlemesini goýmaga kömek edýär.

*Üznüksiz limfadenit* ýiti iriňsiz limfadenitden soň döreýär. Kähalatlarda limfa düwündäki üznüksiz hadysa ýiti döwür geçmezden emele gelýär. Geçişi boýunça *üznüksiz giperplastiki* we *üznüksiz ýitileşen (iriňli)* limfadenit görnüşleri bar. Kesel haýal, kähalatlarda 1-2 aý we ondan-da köp wagtyň dowamynda emele gelýär. Ilkibada nohut ululygyndaky agyryly gataňsy zat emele gelýär we ol ýuwaş-ýuwaşdan ulalýar. El bilen barlanylanda togalak ýa-da süýri görnüşli, aýdyň çäkleri bolan, hereket edýän we ýanaşyk dokumalary bilen birleşmedik limfa düwni kesgitlenilýär.

Näsaglar çala agyryly ýellenmäniň barlygyna, kähalatlarda gowşaklyga we gowuşgynsyzlyga arz edýärler. *Üznüksiz giperplastiki limfadenitde* (limfa düwün içinde öýjükleriň köpelme çişmesinde) näsaglaryň umumy ýagdaýy kanagatlanarly. Diňe käbir näsaglarda, esasan hem, agşamara, bedeniň gyzgyny 37-37,5°C-ä çenli ýokarlanýar, umumy özüni duýşy bozulýar.

Käbir ýagdaýlarda limfa düwünde üznüksiz çişmäniň netijesinde düwür-düwür dokumanyň has köp ösmegi ýüze çykýar we ol limfa düwnüniň çäklerinden çykyp, derä tarap ösüp we ony ýukaldyp, limfa dokumanyň ýerini tutýar. Ýukalan ýer ýarylanynda düwür-düwür dokuma çykyp duran deşik emele gelýär. Üznüksiz giperplastiki limfadenit ýitileşip hem bilýär. Şeýle ýagdaýlarda onuň geçişiniň alamatlary ýiti iriňli limfadenidiňkä gabat gelýär.

Kesel has uzak wagtlap geçeninde ganyň leýkositleriniň sanynyň azalmagy ($4\text{-}5x10^{9/l}$), limfositleriň we monositleriň sanynyň biraz köpelmegi, ganyň eritrositleriniň çöküş tizliginiň 25-30 *mm/sag*-a çenli artmagy ýüze çykýar. Köplenç, ganda düýpli, uly üýtgeşmeler ýüze çykarylmaýar.

Üznüksiz giperplastiki limfadenit görnüşini ýüzüň we boýnuň doga kistalaryndan we deşiklerinden, käbir çişlerinden tapawutlandyrmak gerek. Ýüzüň we boýnuň doga kistalary birinji we ikinji dem algyç yşlary we ýaýlary, galkan şekilli-dil akabasy boýunca ýerleşýär. Olar birnäçe ýylyň dowamynda, haýal ulalýarlar.

El bilen barlanylanda emele gelen zat çeýe dykyzlykly, agyrysyz bolýar. Ony anyklamaklyga sanjym geçirmek we öýjük barlagy kömek edýär.

Üznüksiz limfadenidiň we üznüksiz granulirleýji periodontidiň tapawutlandyrma anyklamasy ýeterlik kynçylyk döredýär. Keselleriň ikisinde hem ýüzüň derisinde deşikler bolup bilýär. Limfadenitde deşik ýarym dargan düwün galyndylaryna, periodontitde bolsa süňküň bellibir ýerindäki degişli kökujy ojaga alyp barýar. Tapawutlandyrma anyklamany geçirmeklige dişleriň rentgen suratlary, dokuma gurluş barlagy kömek edýär.

Üznüksiz giperplastiki limfadenidiň we käbir çişleriň, gemoblastozlaryň, howply çişiň daşgyn ýere ýaýramagynyň netijesindäki zeperlenmeleriň (metastazlaryň) tapawutlandyrma anyklamasy sanjymda alnan dokuma bölejiginiň öýjük barlagynyň (sitologiýa), kesilip alnan dokumanyň gurluş (gistologiýa) barlaglarynyň esasynda geçirilýär.

### 6.6.3. Adenoflegmona

Kähalatlarda limfa düwnüniň bardasy ereýär we iriň ony gurşap alan dokuma geçýär. Limfa düwnüniň we ony gurşap alan dokumanyň ýaýraň iriňli çişmesi – adenoflegmona ýüze çykýar.

Näsaglar öz-özünden döreýän, kähalatlar zeperlenen ýerlerdäki yzygiderli agyrylara, umumy özüni duýşunyň agyrlaşmagyna arz bildirýärler. Keseliň taryhyndan ýiti iriňsiz ýa-da iriňli, üznüksiz limfadenide mahsus bolan alamatlary – ýuwaş-ýuwaşdan ulalýan «göjek» ýa-da «nohut» ýaly agyryly zadyň emele gelendigini ýüze çykaryp bolýar. Adenoflegmona çişme alamatlaryň birden artmaklygy bilen tapawutlanýar: näsagyň umumy özüni duýşy bozulýar, bedeniniň gyzgyny 38-38,5°C-ä ýetýär we ondan-da ýokary galýar, üşütme döreýär we zäherlenmäniň başga alamatlary ýüze çykýar. Käbir näsaglarda adenoflegmonalar haýal emele gelýär, bedeniň gyzgyny 37,5–38°C-den geçmeýär.

Adenoflegmonanyň geçişiniň görnüşi ýerleşýän ýerine bagly we äňasty, eňegasty üçburçluklaryň, boýnuň töwerekleriniň we ş.m. töwerekleriň flegmonalarynyň ýerli alamatlaryna gabat gelýär.

Adenoflegmonada şular ýaly ganyň üýtgemeleri ýüze çykýar: ganyň ak öýjükleriniň sanynyň 12-15x$10^{9/l}$-e çenli, neýtrofil gan öýjükleriň sanynyň köpelmegi, ganyň gyzyl öýjükleriniň çöküş tizligi 35-40 *mm/sag*.

Adenoflegmonany aktinomikozdan we inçekeselden tapawutlandyrmak gerek. Aktinomikoz we inçekesel haýal, has uzak döreýärler, adenoflegmona garanyňda umumy we ýerli alamatlary aýdyň bildirmeýär. Aktinomikozda iriňli ojagy kesip ýaranlarynda ýaradan düwür-düwür dykyzlykly madda çykýar, inçekeselde dargan doragpisint häsiýetli bir madda çykýar.

### 6.6.4. Limfangitiň, limfadenitiň we adenoflegmonanyň bejergisi

Limfangitiň bejergisi adaty bejergi usuly bilen amala aşyrylýar. Ol, esasan, ýokanja we çişmä garşy dermanlary, keseliň alamatlary boýunça, beden berkidiji dermanlary ulanmaklyga syrykdyrylan, umumy derman we ýyladyjy hem-de fiziki usullary ulanylyp geçirilýän ýerli bejergide jemlenendir.

Ýiti limfadenitde ilkinji nobatda limfa düwnüne ýokançlaryň mundan beýläk düşmezligi üçin keseliň sebäbi bolan dişdäki ýokanç ojagynyň töwereginde degerli bejergi çäresini geçirmek gerek (periodontitde dişi sogurmak ýa-da kök ujunyň deşigini açmak, çişme hadysaly sogrulan dişiň öýjügini arassalamak we ş.m.) Diňe iriňsiz limfadenitde bejergi amalsyz bolup biler. Munda fiziki bejergi çäreleri görkezilýär. Kaliý ýodidi bar bolan melhemleri ulanylyp goýlan ýyladyjy sargylar oňat bejergi netijesini berýär. Nowokainiň ýa-da lidokainiň erginleri bilen çişme ojagy gurşap alan dokumalarda geçirilen siňdirme agyrysyzlandyrma bilen döredilen nowokain ýa-da lidokain gabawlary bilen limfa düwnüniň sanjymlary hem oňat netijeleri berýär. Kähalatlarda gabaw geçirilýän agyrysyzlandyryjy ergine ýokanja garşy dermanlary (ampisillin, sefalosporinler), zyýansyzlandyryjylary (furasilin), fermentleri (lidaza) garýarlar.

Ýiti iriňli ýa-da ýitileşen (iriňlän) üznüksiz limfadenitde iriňli ojagyň ilkinji hirurgik arassaçylygy geçirilýär: çişme ojagyň ýerleşen ýerine degişlilikde, derini kesmek (iriňli ojagy ýarmak), çüýrän, zaýalanan dokumalary gyryp aýyrmak, çişme ojagyna derman serişdeleri bilen täsir etmek.

Toplumlaýyn bejerginiň meýilnamasy bedeniň kesele garşy işjeňlik jogabyna we ýiti ýa-da ýitileşen üznüksiz limfadenitiň ýerli alamatlarynyň ýagdaýyna bagly bolup durýar. Umumy beden berkidiji, ýardam ediji, ýokary duýgurlylygy peseldiji bejergi, immun bejergisini belleýärler. Asgyn näsaglarda, gartaşan adamlarda ýokanja garşy derman we sulfanilamidler bilen bejergi tapgyryny geçirýärler. Sargy goýmaklygy amala aşyrýarlar, ýaradan iriň akmaklygyny üpjün edýärler, furan toparynyň, ferment dermanlary, antistafilokokk gan syworotkasyny we ş.m. ulanyp, onuň ýerli bejergisini geçirýärler, derman serişdeleri bilen sargylar goýýarlar.

Limfa düwün sebäpli flegmonanyň, adenoflegmonanyň bejergisi adaty flegmonanyň bejerilişi ýaly amala aşyrylýar.

Üznüksiz limfadenitiň bejergisi keseliň sebäbi bolan dişiň ýokanç ojagyny ýok etmekden başlanýar. Ulalan düwnüň kiçelmekligini tizleşdirmek üçin furasilin, fermentler garylan nowokain ýa-da lidokain gabawlaryny, ýyladyjy melhemleri ulanmak maksadalaýykdyr. Fiziki bejeriş çärelerini (kaliý ýodidi, fermentleri, dimeksidi elektrik togy bilen siňdirmek) sanjymdan we öýjük barlagy bilen tassyklanylan limfangitiň kesel kesgitlemesi goýlanyndan soňra belleýärler. Üznüksiz limfadenit uzak wagtyň dowamynda geçeninde derä tarap ösen we düwür-düwür dokumanyň deşik döreden ýagdaýynda, limfa düwnüni deşik bilen bilelikde kesip aýyrýarlar we dokumalary gatma-gat tikýärler.

Gaýrüzülmeler adenoflegmonalarda, esasan hem, boýunda ýerleşeninde, çişme hadysanyň ýaýramaklygy netijesinde döreýärler (mediastenit, sepsis we ş.m.).

Limfangitiň, limfadenitiň we adenoflegmonalaryň öňüni almak agyz boşlugynyň we gulak-burun-bokurdak kesellerini wagtynda bejermekde, şeýle hem bedeniň goranyşyny berkitmekde jemlenendir.

## 6.7. ÝOKARKY ÄŇ BOŞLUGYNYŇ DIŞ SEBÄPLI ÇIŞMESI (SINUSIDI)

Ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli çişmesiniň – sinusidiniň döremeginde ýerli we umumy sebäpler bardyr. Ýerli kesel dörediji sebäplere periodontit, osteomiýelit, ýokarky äňiň iriňlän kistasy, diş sogrulýan wagty we öýjükli ösüntginiň töwereginde geçirilýän başga amallarda ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşilmegi degişlidir. Ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşilmekligi we agyz boşlugy bilen habarlaşmaklygy amatsyz gurluş we ýerleşiş şertler, şeýle hem amal wagty goýberilen ýalňyşlyklar netijesinde döreýär. Ýokarky äň boşlugynyň çişmesiniň (sinusidiniň) döremekligine ozal geçirilen ýiti we üznüksiz keseller netijesinde bedeniň umumy goranyş güýçleriniň peselmekligi, ýokary duýgurlyk ýagdaýy ýardam edýärler (*79-njy surat*).



*79-njy surat.* Ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň onuň dişlerine bolan gatnaşygy

**Ýokarky äň boşlugynyň ýiti** sinusidi bedeniň gyzgynynyň ýokarlanma ýagdaýynda geçýär. Kesel üç şahaly nerwiň şahalary boýunça ýaýraýan, maňlaý, çekge, göz, ýokarky äňiň töwereginiň güýçli agyrylary bilen geçýär. Diş agyrylary ýokarky äň boşlugynyň öň tarap we aşaky diwar ýanlaryndan geçýän ýokarky äň nerw ulgamynyň diş-öýjük şahajyklarynyň çişme hadysa çekilmekleri netijesinde döreýärler.

Şeýle-de, ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli ýiti sinusidiniň köp ýüze çykýan alamatlary – kellagyry, burundan dem almaklygyň kynlaşmagy, kellesini aşak egeninde güýçlenýän burnuň degişli böleginden iriňli suwuklygyň akmaklygy, ýokarky äňiň öň tarapy basylyp barlanylanda agyry döremegi hem-de zeperlenen boşlugyň düýbüniň töwereginde ýerleşen dişler kakylanda agyry döremekligi bolup durýarlar. Öň tarap burun barlagynda onuň nemli bardasynyň ýellenmegi, orta burun geçelgesinde iriňli suwuklyk ýa-da iriň akýanlygy ýüze çykarylýar. Rentgen suratda ýiti çişme hadysasy ýokarky äň boşlugynyň ýaýraň ýa-da diwara ýakyn howalanmasynyň (aňyrsy görünmekliginiň) peselmegi bilen häsiýetlendirilýär (*80-nji surat*).



*80-nji surat.* Çep tarap ýokarky äň boşlugynyň ýaýraň garalmasy. Rentgen surat

Ýokarky äň boşlugynyň üznüksiz sinusidi, esasan, burnuň degişli böleginden iriň akmaklygy, burundan dem almaklygyň bozulmaklygy, birtaraplaýyn kellagyry we kelledäki agyrlyk duýgusy, ýokarky äň nerw ulgamynyň şahalarynyň töwereklerinde duýgurlygyň bozulmaklygy (peselmekligi) we agyrylar ýaly alamatlar bilen ýüze çykýar. Bu alamatlaryň käbirleri gowşak bildirip ýa-da asla bolman hem bilerler. Keseliň iriňsiz görnüşlerinde, şeýle hem äň boşluklarynyň agyzda deşikleri bolanynda burundan akýan zat bolmaýar. Ýokarky äň boşlugynyň üznüksiz diş sebäpli sinusidinde, ýiti görnüşde bolşy ýaly, rentgen suratda ýokarky äň boşlugynyň aňyrsy görünmekliginiň peselmekligi ýüze çykarylýar. Keseliň iriňli görnüşi aňyrsy görünmekliginiň has güýçli we birsydyrgyn peselmekligi bilen häsiýetlendirilýär. Dokuma örgünli görnüşinde diwara ýakyn «ösüntgiler» we endigan bolmadyk ölçeglerdäki kölegeler ýüze çykarylýar. Bu ýagdaýlarda rentgen şöhle görkeziji serişde bilen alnan rentgen surat köp maglumat berýär. Ol diňe bir kesel kesgitlemesini takyklamaga ýol bermän, eýsem, kesel hadysanyň möçberini we anyk ýerleşýän ýerini anyklamaga-da ýol berýär.

Kesel kesgitlemesi onuň geçişi we rentgen suratdaky maglumatlary esasynda goýulýar. Giňden ýaýran barlag usullaryndan başga-da, bu keselde agyz boşlugynyň we dişleriň barlagyny, ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň töwereginde öýjükli ösüntginiň rentgen suratyny, dişleriň elektrik toguna duýgurlygyny geçirýärler.

Ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli üznüksiz sinusidini ilkinji nobatda diş sebäpli kistalardan, ýokarky äňiň howply çişlerinden tapawutlandyrmak gerek.

Ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli sinusitleri, onuň burun keselleri sebäpli döreýän görnüşinden tapawutlylykda birnäçe başga alamatlar bilen häsiýetlendirilýär: 1) keseliň öňünden dörän dişdäki ýa-da dişýany dokumalardaky agyrylar; 2) ýokarky äňiň boşlugynyň düýbüniň töwereginde çişme hadysanyň bolmaklygy (periodontit, dişýany dokuma keselleri, diş etiniň kisesi, iriňlän kista, osteomiýelit); 3) boşlugyň düýbüniň töwereginde diş öýjügi boýunça dörän deşigiň bolmaklygy; 4) ýüzüň taraplarynyň deňsizligi we boşlugyň öň-gapdal tarap diwary basylandaky agyry; 5) burundan porsy iriňiň akmaklygy we boşlugyň ýuwundy suwuklygynda digir-digir owuntyk maddalaryň bolmaklygy; 6) ýokarky äň boşlugynyň birtarapdan zeperlenmegi.

**Bejergisi.** Ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli ýiti sinusidinde «sebäpkär» dişi sogurýarlar, çişmä garşy bejergi geçirýärler (ýokanja garşy derman, sulfanilamidler, çişmä garşy dermanlar, bejerginiň fiziki görnüşleri – *HÝÝ* elektrik togy). Boşlugyň aşaky burun geçelgesi boýunça deşilmeginiň we onuň soňraky furasiliniň, riwanolyň, kaliý permanganatynyň erginleri bilen ýuwulmagynyň aýratyn ähmiýeti bar. Suwuklygyň oňat akmaklygy üçin burna damar daraldyjy damjalary (sanorin, galozolin, naftizin) belleýärler. Şeýle hem gyzgyny peseldiji dermanlary we agyry aýryjylary ulanýarlar.

Ýokarky äň boşlugyny deşmekligi burnuň nemli bardasynyň adrenalin garylan lidokainiň 10%-li ergini bilen geçirilen çalyp siňdirme agyrysyzlandyrmasyndan soňra amala aşyrýarlar. Kulikowskiniň iňňesini, ýörite troakary ýa-da ýogyn sanjym iňňesini aşaky burun nowajygynyň aşagyndan, onuň öň tarap gyrasyndan 1-1,5 *sm* yzdan boşluga girizýärler. Sanjym wagtynda çalasyn sordurmak, güýçli basyş bilen suwuklyk goýbermek, sanjawajyň howasyny boşluga goýbermek bolmaýar (*81-nji surat*).



*81-nji surat.* Ýokarky äň boşlugynyň sanjymy

Ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli üznüksiz sinusidini adaty we amal usullary bilen bejerýärler. Adaty bejergini äň boşlugynyň içki diwarynyň sanjymlarynyň we keseliň ýiti görnüşinde ulanylýan beýleki adaty çäreler (burna damar daraldyjy serişdeleri damdyrmak, fiziki bejergi) arkaly amala aşyrýarlar. Emma köpsanly hassahanalaryň tejribesiniň şaýatlyk etmegine görä, ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli üznüksiz sinusidinde geçirilen adaty bejergiden soňra doly sagalmak ýagdaýy seýrek bolýar. Şol sebäpli-de bu keseliň esasy bejergi usuly ýokarky äňde geçirilýän Kolduel-Lýuk boýunça boşlugy düýpli açmak (sinusotomiýa) amaly bolup durýar. Amalyň öňünden ýa-da amal wagty keseliň sebäbi bolan dişi sogurmak, ýokarky äňiň kistasynyň bardasyny goparyp aýyrmak ýa-da çüýrän süňk böleklerini aýyrmak amala aşyrylýar.

Ýokarky äň boşlugyndaky amalyň usuly (sinusotomiýa). Amaly ýerli sanjym siňdirme we sebitleýin (ýokarky äňiň güberçeginiň ýanynda, kentlewük we gözasty deşikleriň ýanynda) agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrýarlar. Kähalatlarda amal kekirdek içine turbajyk salnyp amala aşyrylan umumy agyrysyzlandyrma ýagdaýynda geçirilip bilner. Nemli bardany we süňk bardasyny agyz bosagasynda, geçiş ýygyrdynyň aşagy boýunça gyýak dişden ikinji uly azy dişe çenli kesýärler.

Öýjükli ösüntginiň amal barlagyny geçirmek, şeýle hem amalyň dowamynda goşmaça çüýrän süňk böleklerini aýyrmak meselesi ýüze çykanynda dörtburç görnüşli kesim bölegini döredýärler. Gopargyç bilen süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini süňkden goparýarlar we ýokarky äň boşlugynyň öň we gapdal diwaryny ýalaňaçlaýarlar. Duluk-öýjükli ösüntgi birleşmesiniň gerşiniň öň ýanynda süňk diwarynyň iň ýuka ýerinde, çapgyjyň, diş gyryjynyň ýa-da ýörite deşgijiň kömegi bilen süňki deşmegi amala aşyrýarlar. Döredilen deşik süňk kertgiçleri bilen 1,5-2,0 *sm* ölçeglere çenli giňeldilip bilner. Süňk deşigine laýyklykda boşlugyň bardasyny hem kesip aýyrýarlar we ondan soňra gözden geçirmek üçin doly şert döreýär. Suwuklygy, dokuma örgünleri, düwür-düwür dokumalary, nemli bardanyň üýtgän ýerlerini aýyrýarlar. Ýokarky diwaryň we öýjükli ösüntgä tarap diwaryň nemli bardasyna aýratyn seresaplylyk bilen çemeleşilmelidir. Boşlugyň ýokarky-içki burçunda gözenekli süňküň öýjüklerine we burun-ýaş akabasyna şikes ýetirilip bilner. Boşlugyň içinde gödek işlenilende, öýjükli ösüntgä tarap ýüzünde, ýokarky äňiň dişlerine barýan gan damarlar we nerw ulgamy şikeslenýärler.

Boşlugyň içinden üýtgän dokumalar aýrylanyndan soňra, aşaky burun geçelgesi boýunça burun boşlugy bilen habarlaşýan deşik döredilýär. Boşlugyň içki diwaryny deşenlerinden we nemli bardasy bilen bilelikde azyndan 1,2-1,5 *sm* ölçegde aýrylandan soňra, süňk penjirä laýyklykda burun boşlugynyň nemli bardasyny kesip aýyrýarlar. Ýokarky äň boşlugynyň nemli bardasy dolulygyna aýrylan ýagdaýynda, burundan boşluga tarap deşilende, nemli bardanyň esasyny burnuň düýbüne tarap edip, kesim bölegini döredýärler we ony deşik boýunça äň boşlugynyň içine ýazýarlar. Bu onuň içiniň örtgi dokuma bilen bitmegi üçin oňat şert döredýär. Boşlugyň içi gan lagtalaryndan arassalanyndan soňra, ony kseroform ýa-da zyýansyzlandyrylan wazelin ýagy siňdirilen hasa peltesi bilen doldurýarlar. Peltäniň bir ujy aşaky burun geçelgesinden çykarylyp goýulýar. Agyz bosagasynyň geçiş ýygyrdynyň ýarasyna ketgutdan düwünli tikinler goýulýar (*82-nji a, a*$^{1}$*, b, ç, d, suratlar*). Amal tamamlanandan soňra ýokarky dodagyň we ýaňagyň sebitlerine basyp duran sargy we buzly meşijek goýýarlar. Peltäni 1-2 günden burundaky ujundan çekip aýyrýarlar. Amaldan 3-4 gün geçeninden soňra, ýokarky äň boşlugyny burun boşlugyndaky deşik arkaly ýuwýarlar.




*82-nji a, a*[1]*, b, ç, d suratlar.* Ýokarky äň boşlugyny
düýpli açmak (radikal sinusotomiýa) amaly:
*a* - geçiş ýygyrdynda Kolduel-Lýuk boýunça kesmegiň çyzygy; a[1] - trapesiýa görnüşli kesim bölegini döretmek üçin geçirilýän kesim çyzygy; *b* – boşlugyň öň-gapdal tarapynda süňkde deşik döredilmegi; *ç* – boşlugyň içiniň bardasynyň kesilip aýrylmagy; *d* – burnuň gapdal diwarynda döredilen kesim böleginiň aşaky burun geçelgesinde döredilen deşigiň içi boýunça ýokarky äň boşlugyna tarap ýazylmagy

Kolduel-Lýuk boýunça sinusotomiýa amalynyň oňaýsyz netijelerini azaltmak maksady bilen umumy kabul edilen çişmä garşy bejergi bellemek bilen bir hatarda näsaglarda ýokarky öýjükli ösüntgi nerwleriniň şikes zeperlenmesi bolýanlygy sebäpli dibazol, prozerin, $B_1$ witamin, *HÝÝ* elektrik meýdany, amaldan 8-10 gün soňra bolsa agyz bosagasynyň ýokarky geçiş ýygyrdyna we ýüzüň derisine kaliý ýodidini we nowokaini elektrik togunyň kömegi bilen siňdirmek (10-15 gezek) bellenilýär. Derman we fiziki bejergilerden soňra «doňan» ýaly duýgular ýa-da bolmasa, duýgularyň bozulan ýagdaýy peselýär, dişleriň elektrogyjyndyryjylyk çägi hem peselýär. Emma käbir näsaglarda kiçi we uly azylaryň duýgurlygy dikelmeýär. Bu aýdylanlary nazara almazlyk we olary bilmezlik stomatolog lukmanlary düýpli anyklaýyş ýalňyşlyklaryna getirip biler.

**Ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşilmegi.** Ýokarky äňiň uly we kiçi azy dişleriniň gurluş we ýerleşiş aýratynlyklary öýjükli ösüntgide geçirilýän amallar wagtynda ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşilmeginiň esasy sebäpleriniň biri bolup durýar. Boşlugyň düýbüniň deşilmegi we ondan soňraky lukmanyň ýerliksiz çäreleri durnukly deşigiň döremegine getirýär.

Şikes netijesinde dörän deşik (diş sogurmak we başga amallar wagty), köplenç, ýaňak-dişeti, seýrek halatlarda kentlewük kesim bölegi bilen ýapylýar. Uly bolmadyk deşiklerde, onuň gyralaryny «täzelemek», agyz bosagasy tarapdan nemli bardany goparmak we düwünli tikin goýmak ýeterlik bolýar (*83-nji a,b,ç; 84-nji a, b, suratlar*).



a) b) ç)

*83-nji a, b, ç suratlar.* Ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşiginiň ýapylyşy:
*a* – süňk bardaly – nemli barda kesim bölegi goparylan; *b* – deşigiň we goparylan kesim böleginiň örtgileşen gyralary kesilip aýrylan; *ç* – kesim bölegi ýerine goýlan we tikinler bilen berkidilen




*84-nji a, b suratlar.* Ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşiginiň kentlewük kesim bölegi bilen ýapylyşy

Agyz boşlugy bilen ýokarky äň boşlugynyň arasyndaky deşigi ýok etmegiň hökmany şerti, ondan üýtgän dokumalary we iriňli suwuklygy aýyrmak hem-de döredilen kesim bölekleriň dartylmasynyň bolmazlygydyr. Munuň ýaly ýagdaýlarda ýokarky äň boşlugyny 5-7 günüň dowamynda kseroformly hasa peltesi bilen dolduryp saklaýarlar. Agyz boşlugy tarapdan ýaranyň ýüzüni plastmassadan ýasalan gorag örtgi bilen ýapýarlar (8-10 gün).

## 6.8. ÝÜZÜŇ WE BOÝNUŇ AKTINOMIKOZY

Ýüzüniň we boýnunyň aktinomikozy bolan näsaglar bu kesel bilen ejir çekýän ähli näsaglaryň 40-60%-ini tutýarlar. Aktinomikoz, esasan, sowuk we çygly howaly ýurtlarda (Russiýa Federasiýasy, Ukraina we ş.m.) duş gelýär we Türkmenistanda duş gelmeýänligine garamazdan, ony beýan etmegi makul bildik. Äň-ýüz töwereginiň aktinomikozynyň kesel bölünişigi onuň aşakdaky görnüşlerini özünde jemleýär: deri, derasty, nemli barda, nemli bardasty, diş sebäpli aktinomikoz granulýomasy, derasty-muskulara (çuňňur), limfa düwünleriň, süňk bardasynyň, äň süňkleriniň we agyz boşlugynyň synalarynyň zeperlenmegi.

**Keseliň geçişi.** Köplenç, derasty-muskulara (çuňňur) görnüşi, aşagynyň süňk dokumasynyň ikilenç zeperlenmegi bilen duş gelýär. Kesel başda haýal, agyrysyz geçýär we bu ýagdaý näsaglaryň bejeriş edaralaryna giç ýüz tutmaklarynyň sebäbi bolup durýar. Keseliň bu görnüşinde, adatça, çalt beterleşýän äňleriň gysylmagy ýüze çykýar. Bu alamatlaryň döremegi şöhle şekilli kömelejigiň doly çykmadyk aşaky üçünji azy dişi örtüp duran nemli barda we çeýneýiş muskulyň bardasyna girmegi we soňra çeýneýiş muskulyň zeperlenmegi bilen döreýär. Ýuwaş-ýuwaşdan aşaky äňiň burçunyň ýa-da äňyzy töwereginde büdür-südür dykyz gataňsylyk döreýär we ol seýrek bolmadyk ýagdaýlarda boýnuň gapdal tarapyna ýaýraýar. Gataňsylygyň üstüniň derisi ýukalýar gyzlymtyl-gök reňke geçýär, emele gelýän kiçeňsi abssesleri ýatladýan ýumşak iriňli ojaklar döreýär. Ýukalan deri birnäçe ýerde ýarylýar we şöhle şekilli kömelejikler toplumy bolan az mukdarda iriňe meňzeş suwuklyk çykýan köpsanly deşikler döreýär. Deriniň birleşdiriji dokumasy artyp, çeýelenip durmagy netijesinde, boýunda seýrek bolmadyk ýagdaýda galyp duran zolak ýygyrtlar emele gelýär. Şöhle şekilli kömelejiklere iriň dörediji ýokançlar goşulan ýagdaýynda keseliň geçişi ýiti bolýar. Bedeniň gyzgyny has beýgelýär. Abssese ýa-da flegmona mahsus bolan görnüş ýüze çykýar. Kesele aşak ýanyndaky ýüz süňkleri hem çekilip bilinýär.

Aktinomikozyň ýüze çykýan alamatlary köpdürli bolanlygy sebäpli, keseliň anyklamasy käbir kynçylyklar döredýär. Keseliň alamatlaryna baha bermek bilen bir hatarda, ýaradan alnan maddalaryň we reňklenen çyrşak-ýokundynyň ulaldyjy enjam barlaglaryny, aktinolizat bilen gan aýran barlagy, deriniň ýokary duýgurlyk barlagyny geçirýärler. Deriniň ýokary duýgurlyk barlagyny goýmak üçin anyklama aktinolizatyny ulanýarlar we ony iki bilekleriň hem iç ýüzüne deri içine 0,3 *ml* mukdarda sançýarlar. Deňeşdirmek üçin aktinolizat sanjylan ýerlerden 8-10 *sm* daşlykda 0,3 *ml* zyýansyzlandyrylan etli-pepton gaýnatmasyny (pH 7,2-7,4) sançýarlar. Barlagyň netijelerine 24 *sag* geçeninden soňra, şeýle baha berýärler: 1) oňaýsyz (–): aktinolizat sanjylan ýerlerde diňe iňňe sanjylan nokatlary bildirýär; 2) gümany netije (+–): aktinolizat sanjylan we deňeşdirmeklik üçin sanjylan ýerlerdäki üýtgeşmeler birmeňzeş ýa-da çala bildirýän solak-gülgüne gyzarma; 3) gowşak bildirýän oňaýly netije (+): aktinolizat sanjylan ýerinde dürli ölçeglerdäki oňat bildirýän gyrmyzy, käwagtlar bolsa biraz melewşe reňkli gyzarmalaryň döremegi; 4) oňaýly netije (++): açyk gyrmyzy reňkden garamtyl gyzyl reňke çenli gyzarma, deriniň sähelçe ýellenmesi we ellenilendäki biraz agyrysy; 5) oňat bildirýän oňaýly netije (+++): sanjym ýerinde gyzyl ýa-da açyk gyzyl reňkli gyzarma deriniň ýellenmesi bilen duş gelýär; ellenilende agyry kesgitlenilýär, gyzarmanyň merkezinde düwünjik bolup biler; 6) güýçli bildirýän oňaýly netije (umumy ýa-da ýerli) (++++): aktinolizat sanjylan ýerindäki üýtgemelere garamazdan, umumy ýa-da ojaklaýyn alamatlaryň bolmagy.

**Deňeşdirme anyklamasy.** Aktinomikozy birnäçe çişme kesellerden tapawutlandyrýarlar: abssesden, flegmonadan, äňleriň periostidinden we osteomiýelidin-

den, inçekeselden, merezýelden, çişlerden we çişe meňzeş kesellerden – aşaky äňiň osteodistrofiýasyndan, sarkomasyndan we kanserinden. Keseliň her bir görnüşi iriňli keseliň, inçekeseliň, merezýeliň şoňa meňzeş görnüşlerinden tapawutlandyrylmalydyr. Keseliň anyklamasyna ýokanjyň ulaldyjy enjamdaky barlaglary, ýörite barlaglar, gan aýran barlag anyklamasy kömek edýär. Aktinomikoz çiş kesellerden tapawutlandyrylanda, dokuma gurluş barlagynyň netijeleriniň wajyp ähmiýeti bar.

**Bejergisi.** Aktinomikozda toplumlaýyn bejergini ulanýarlar: immun, ýokanja garşy, şöhle bejergileri we amal bejergisi.

Immun bejergi aktinolizat we şöhle şekilli kömelejikleriň poliwalent waksinasy bilen geçirilýär. Aktinolizat muskul içre ýa-da deri içre goýberilýär. Dermany muskul içre sançmagy ýanbaşyň ýokarky-daş bölegine, 3 *ml*-den hepdede 2 gezek belleýärler. Bir bejergi döwrüne 20-25 sanjym. Immun bejerginiň deri içre usuly deri-allergiýa we anyklama aktinolizaty goýbermeklige oňat we güýçli bildirýän oňaýly netijeli deri-allergiýa jogaby bolan naşaglarda geçirmek görkezilen. Aktinolizaty insulin sanjawajy bilen bilegiň öň tarap derisine, Asnin boýunça hepdede 2 gezek sanjym berilýär (jemi 25 sanjym). 1-nji sanjymda dermanyň 0,5 *ml*, 2-njide 0,7 *ml*, 3-njide 0,9 *ml*, 4-njide 1 *ml* goýberýärler. 5-njiden başlap, her soňraky sanjymda dermany 0,1 *ml* artdyrýarlar. 14-nji sanjymda dermanyň göwrümi 2,0 *ml*-e ýetýär we bu göwrümdäki dermany bejergi döwrüniň ahyryna çenli saklaýarlar. Şöhle şekilli kömelejikleriň poliwalent waksinasyny hem artýan möçberlerde deri içine goýberýärler.

Ýokanja garşy derman bejergisi kesel döredijä hem-de ikilenç goşulan ýokanja garşy gönükdirilýär. Penisilliniň we beýleki dermanlaryň muskul içre sanjymlaryny belleýärler. Ýüzüň kesel bilen zeperlenen ýeriniň nowokain-penisillin gabaw sanjymlary netijelidir. Ýokançlar penisilline garşy durnukly bolan ýagdaýynda has güýçli dermanlar (linkomisin, sefalosporinler we ş.m.) bellenilýär. Ýokanja garşy dermanlary sulfanilamid dermanlar bilen utgaşykly ulanmak maksadalaýykdyr.

Rentgen şöhle bejergisi bir ýa-da birnäçe meýdanlardan geçirilýär. Adatça, bejergini pes möçberlerde başlaýarlar (0,4-0,5 *Gr*), ikilenç çişme hadysa aýrylandan soňra şöhläniň möçberini artdyrýarlar (1,0-1,5 *Gr*). Jemi bir bejergi döwrüne 15 *Gr* belleýärler.

Ýüzüň we boýnuň aktinomikozynyň amal bejergisi aktinomikoz ýokanjyň girelgesi bolan sebäpkär dişleri sogurmakda; ýumşak we süňk dokumalardaky aktinomikoz ojaklaryň hirurgik taýdan arassalanmagynda, artykmaç emele gelen hem-de zaýalanan süňk dokumasyny, käbir ýagdaýlarda aktinomikoz bilen zeperlenen limfa düwünleriniň hem aýrylmagynda jemlenendir. Amal bejerginiň göwrümi we häsiýeti aktinomikozyň görnüşine we onuň zeperleme ojaklarynyň ýerleşýän ýerlerine bagly bolup durýar. Aktinomikoz ojagynda geçirilen amaldan soňra ýara seretmeklige köp üns berilýär. Onuň uzak wagtlap suwuklygyny akdyrmak, amaldan soňraky döwürde ýaranyň içiniň düwür-düwür dokumalaryny gyryp aýyrmak, iki-

lenç iriň dörediji ýokanç ýoluganynda bolsa köp mukdarda ýokanja garşy dermanlary, nitrofuran topar dermanlary, fermentleri, bakteriofaglary, immun dermanlary ýara üçin ulanmak görkezilýär.

## 6.9. ÄŇ – ÝÜZ TÖWEREGINIŇ INÇEKESEL ZEPERLENMESI

Inçekesel mahsusy ýokanç çişme kesel bolup durýar. Soňky ýyllar äňleriň, ýüzüň we agyz boşlugynyň inçekeseli seýrek duş gelýär.

Kesel dörediji – inçekeseliň taýajyk şekilli ýokanjy, adatça, köp duş gelýär. Inçekeseliň taýajyk şekilli ýokanjynyň dürli görnüşleriniň dürli kesel dörediji ukyby bar.

Keseliň ojagy, köplenç, inçekeselli näsag bolup durýar, seýrek halatlarda kesel sygyr süýdüniň üsti bilen, iýmit arkaly geçýär. Inçekeseliň döremeginde adam bedeniniň goranyş ukybynyň we bu kesele duýgurlylygyň uly ähmiýeti bar.

Keseli ilkinji we ikilenç inçekesel zeperlenme görnüşlere bölýärler. Äň-ýüz töwereginiň limfa düwünleriniň ilkinji zeperlenmesi inçekeseli döredijiniň dişler, damak badamjyklary, agyz we burun boşluklarynyň nemli bardasy, ýüzüň derisi arkaly olaryň çişmesinde ýa-da şikesinde bedene düşenlerinde döreýär. Äň-ýüz töwereginiň ikilenç inçekesel zeperlenmesi bedende ýiti inçekesel ojagy bolup, ol öýkende, içegede, süňklerde ýerleşeninde, şeýle hem bu kesel tutuş bedene ýaýranynda döreýär.

Inçekeseliň kesel ojagynyň dokuma gurluş ýagdaýy inçekesel güberçeginiň döremegine getirýän taýajyk şekilli inçekesel ýokançlarynyň toplanmasynyň daş-töweregi boýunça öýjükleriň jogabynyň emele gelmegi görnüşinde bolýar. Onuň daş-töweregi boýunça çişme hadysasy görnüşinde jogap emele gelýär. Inçekesel güberçegi doragpisint zeperlenme ojagyny emele getirip dargaýar.

**Keseliň görnüşi.** Äň-ýüz töwereginde inçekeseliň deri, nemli barda, nemli bardasty dokumanyň, derasty gatlagyň, tüýkülik mäzleriň, limfa düwünleriň, äňleriň zeperlenme görnüşleri ýüze çykarylýar.

Ilkinji inçekesel zeperlenmesi, köplenç, deride, agyz boşlugynyň nemli bardasynda, limfa düwünlerde emele gelýär.

Limfa düwünleriň ilkinji inçekesel zeperlenmesi ýeke-täk ýa-da bir toplum bolup birleşen limfa düwünleriniň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Limfa düwünleri gaty, keseliň geçiş döwri boýunça kitirdewük ýa-da sünk ýaly dykyzlykda has-da gaty ýeriň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Käbir näsaglarda mahsus bolan doragpisint maddanyň daşyna çykmaklygy bilen bir ýa-da birnäçe limfa düwnüniň dargamagy ýüze çykýar. Munuň ýaly ýagdaý, köplenç çagalarda, ýetginjeklerde, kämillik ýaşyna çenli ýaşlarda duş gelýär, ýöne soňky ýyllarda uly ýaşly adamlarda hem ýüze çykarylýar.

Deriniň ikilenç inçekeseli, esasan, çagalarda ýüze çykyp, kesel deride, derasty ýag gatlakda ýerleşýär. Inçekesel çişme hadysasy keseliň äňlerdäki ýa-da äňýany limfa düwünlerdäki başlangyç ojagynyň gönüden-göni golaýynda, seýrek ýag-

daýlarda bolsa has daşgyn ýerleşen inçekesel ojagyndan, mysal üçin, süňk-bogun görnüşinde, keseliň ýaýramaklygy netijesinde döreýär. Deri inçekeseli üçin derasty gatlakda aýry-aýry düwünler ýa-da olaryň yzygiderli birleşmeleri görnüşindäki gataňsylygyň, şeýle hem biri-birine goşulan inçekesel düwün ojaklaryň döremegi häsiýetlidir. Ojaklar ýüzleý ýerleşýärler, köp halatlarda ýukalan deri bilen örtülýär. Ýuwaş-ýuwaşdan kesel ojagy derä tarap ýaýraýar, gataňsylyklar onuň bilen birleşýärler we ojaklar ýek-tük deşikler ýa-da başlar, şeýle hem olaryň utgaşygyny emele getirip, daşyna tarap ýarylýarlar. Ojaklar ýarylanlaryndan soňra dokumalaryň al-gyzyl ýa-da gyzlymtyl-benewşe görnüş ýagdaýy häsiýetlidir. Kesel dokumalaryň täze ýerlerine ýaýramaga ýykgyn edýär. Inçekesel ojaklary bitenlerinden soňra deride we derasty gatlakda çöküp kiçelen, ýukalan bertikler galýarlar. Deri inçekeselinde näsagyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly bolýar. Kesel birnäçe aýlar we ýyllar dowam edip biler.

Ikilenç inçekesel limfadeniti – bu keseliň iň bir köp ýaýran görnüşidir. Ol inçekesel başga synalarda: öýkende, içegede, süňklerde we başga ýerlerde döreýär. Kesel, köplenç, üznüksiz geçýär we bedeniň aram ýokary gyzgyny, umumy gowşaklyk, işdäniň peselmegi bilen geçýär. Käbir näsaglarda bedeniň gyzgynynyň birden ýokarlanmagy, zäherlenmäniň aýry-aýry alamatlary bilen kesel ýiti başlanyp biler. Geçişi boýunça limfa düwünleriniň ulalmagy ýüze çykarylýar. Olaryň gataňsy çeýe dykyzlygy bar, käwagt bolsa büdür-südür üsti, anyk çäkleri bilen kesgitlenilýär. El bilen barlanylanda olar sähelçe agyryly, kähalatlarda bolsa agyrysyz bolýar. Käbir ýagdaýlarda ojagyň tiz dargamagy, başga ýagdaýlarda bolsa dokumalaryň doragpisint dargamagy emele gelip, limfa düwnüniň haýal iriňlemesi bolýar. Içindäkiler ýarylyp daşyna çykanlaryndan soňra bir ýa-da birnäçe deşik galýar. Soňky ýyllarda inçekesel limfadenitiniň haýal we uzak geçýän adaty däl görnüşleri duş gelýär (*85-nji surat*).



*85-nji surat.* Äňasty we eňegasty töwerekleriň limfa (gän) düwünleriniň inçekesel zeperlenmesi

Tüýkülik mäzleri inçekesel bilen, adatça, seýrek zeperlenýärler. Kesel inçekesel tutuş bedene ýaýranynda tüýkülik mäzine gan, limfa suwuklygy arkaly ýa-da seýrek halatlarda degişme ýol arkaly geçýär. Kesel, köplenç, gulakýany tüýkülik mäzinde, seýrek-äňasty tüýkülik mäzde ýerleşýär. Gulakýany tüýkülik mäziň inçekeselinde zeperlenme ojaklaýyn ýa-da tutuş ýaýran görnüşinde, äňasty mäzde – tutuş ýaýran görnüşinde bolýar. Geçişi boýunça kesel mäziň bir böleginde ýa-da tutuş mäz boýunça gaty, agyrysyz ýa-da sähelçe agyryly düwünleriň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Ilkibaşda onuň üstünde deri birleşmedik, reňki üýtgemedik. Wagtyň geçmegi bilen deri aşagynyň dokumalary bilen birleşýär, gögümtil reňk alýar, ýukalýar. Deriniň ýukalan ýeriniň ýarylan ýerinde deşikler ýa-da başlar emele gelýär. Mäziň akabasyndan tüýkülik örän az çykýar ýa-da asla çykmaýar. Ojak darganynda we esasy akabanyň içine tarap ýarylanynda tüýkülikde übtük şekilli zatlar görünýär. Kähalatlarda zeperlenen tarapyň ýüz keşp muskullarynyň ysmazy döräp biler.

Äňleriň inçekeseli inçekesel taýajyklarynyň başga synalardan gan ýa-da limfa damar ýollary arkaly, esasan hem, dem alyş we iýmit siňdiriş synalaryndan, şeýle hem agyz boşlugynyň nemli bardasyndan gönüden-göni degşip ýaýrap, ikilenç häsiýetli döreýär. Bularyň esasynda äňleriň inçekeseliniň aşakdaky görnüşleri bar: a) süňküň ilkinji inçekesel toplumyndaky zeperlenmesi; b) öýkenleriň işjeň inçekeselinde süňküň zeperlenmesi. Äňleriň inçekeseli, köplenç, öýkeniň zeperlenmesinde ýüze çykýar. Ol äň süňküniň seýrek bolmadyk halatda bildirip duran süňk bardasynyň jogaby bilen ýeke-täk dargama ojagy görnüşinde zeperlenmesi bilen häsiýetlendirilýär. Ýokarky äňde ol gözasty gyra ýa-da duluk ösüntgi töwereginde, aşaky äňde bolsa onuň bedeniniň ýa-da şahasynyň töwereginde ýerleşýär. Süňkdäki inçekesel ojagy başda agyry döretmeýär, emma ol süňküň başga ýerlerine, süňk bardasyna, ýumşak dokumalara ýaýradygyça agyry, çeýneýiş muskullaryň çişme gysylmasy döreýär.

Kesel süňküň çuňňur içinden ýüzleý dokumalara geçende äňýany ýumşak dokumalaryň gataňsylygy, olaryň deri bilen birleşmegi, deriniň gyzyldan gögümtil reňke çenli üýtgemegi ýüze çykýar. Bir ýa-da birnäçe «sowuk» çäklenen iriňli ojaklar emele gelýär. Olar, köplenç, özbaşdak ýarylýar, onuň içinden bolsa doragpisint tokgajyklary bilen suwuklyk akyp çykýar. Olar ýarylanyndan soňra zeperlenen süňk bilen birleşen gataňsylygyň galyndylarynda ujypsyzja suwuklyk çykýan we içinden düwür-düwür dokuma çogup çykýan köpsanly deşikler galýar. Olaryň dürtgüç bilen barlagy, düwür-düwür dokuma bilen bolan süňkdäki ojagy, käwagt bolsa uly bolmadyk dykyz çüýrän erkin süňk bölejikleri ýüze çykarýar. Ýuwaş-ýuwaşdan, uzak wagtyň içinde süňkdäki we ýumşak dokumalardaky şunuň ýaly ojaklar doly ýa-da bölekleýin bertik emele getirip bitýärler, çekilip duran çöken, ýuka bertikler galýarlar, onuň töwereginiň dokumasy kiçelen bolýar, esasan hem, derasty gatlak. Deşikler, köplenç, birnäçe ýyllap saklanýarlar we olar bertik arkaly bitýärler, onuň

gapdalyndan bolsa täzeden deşik emele gelýär we şunuň ýaly dowam etmekligi bolup geçýär.

Rentgen suratda süňküň erän we süňk içindäki ýeke ýerleşen ojaklary kesgitlenilýär. Olaryň anyk çäkleri bolýar we kähalatda içinde ownuk çüýrän erkin süňk bölekleri bolýar. Has uzak geçen keselde süňk içindäki inçekesel ojagy süňküň sagdyn ýerlerinden dykyzlaşan ýer bilen bölünýär.

Öýkende işjeň inçekesel bolanda süňkde mahsusy çişme ojagy hemişe inçekesel taýajygynyň agyz boşlugynyň nemli bardasy arkaly, şeýle hem dişler arkaly geçip döreýär. Ilkibaşda öýjükli osüntgi, soňra bolsa äňiň bedeni zeperlenýär.

Bedende işjeň mahsusy kesel bolanda, zeperlenen äňler rentgen suratda süňküň gabyk we öýjükli bölekleriniň ýuwaş-ýuwaş eremegi we olaryň inçekesel güberçeginiň dokumalary bilen dolmagy görnüşindäki eremegi häsiýetlidir. Emele gelen süňk boşluklarynda, aýratyn hem onuň öýjükli böleginde, ownuk çüýrän erkin süňk bölekleri görünýär.

**Kesel kesgitlemesi.** Äň-ýüz töwereginiň inçekeseliniň anyklamasy birnäçe usullar esasynda, ilkinji nobatda bolsa tuberkulin anyklaýyş esasynda geçirilýär. Bu usul bedende inçekeseliň barlygyny anyklamaga mümkinçilik berýär. Tuberkulin erginlerini dürli usullarda (Mantu, Pirke, Koh barlaglary) ulanýarlar. Öýkeniň rentgen barlag usullaryny ulanyp, näsaglaryň umumy barlagyny geçirýärler. Şeýle hem kesel ojaklaryndan iriň çyrşak-ýokundylary, ýaralaryň öýjükleri ýelmeşdirilen çyrşak-ýokundyly aýnajyklary barlaýarlar, inçekeseliň taýajyk şekilli ýokançlaryny ýüze çykarmak üçin ýörite gaplara ekiş geçirýärler.

Käbir ýagdaýlarda näsaglaryň kesel ojagyndan barlag dokumany alyp, deňiz doňuzjyklaryna sançmak has ygtybarly hasap edilýär.

**Deňeşdirme anyklamasy.** Ýüzüň, äňleriň we agyz boşlugynyň dokumalarynyň inçekesel zeperlenmesiniň kesel kesgitlemesi bellibir kynçylyklary döredýär. Sebitleýin limfa düwünleriň ilkinji we ikilenç inçekesel zeperlenmesini abssesden, limfadenitden, äňleriň üznüksiz osteomiýelidinden, aktinomikozdan, merezýelden, şeýle hem howply çişlerden tapawutlandyrmak gerek.

Deri inçekeselini aktinomikozyň deri we derasty görnüşlerinden tapawutlandyrmak gerek. Deri we derasty aktinomikoz ojaklary inçekeselden özüniň gatylygy bilen tapawutlanýar. Aktinomikoz ojaklar iriňlänlerinde akýan iriňiň içinde aýry-aýry dänejikler – şöhle şekilli kömelejikler toplumyny görmek bolýar.

Deri inçekeseliniň dargaýan howply deri çiş keseli bilen meňzeşligi bar. Soňky keseliň gatylygy, dokumalaryň çuňňur içine ösmegi, şeýle hem dokuma gurluş barlagyň maglumatlary (kadaly däl öýjükli ösüş) has köp ygtybarlylyk bilen kesel kesgitlemesini goýmaga ýol berýär.

Äň süňkleriniň, limfa düwünleriniň inçekesel zeperlenmelerini iriň döredüji ýokançlar tarapyndan döredilen şunuň ýaly hadysalardan, şeýle hem howply çişlerden tapawutlandyrmak gerek. Keseliň özboluşly taryhynyň we öýkende mahsusy

çişme hadysanyň bolmagy, äň-ýüz töwereginiň dokumalarynda özboluşly başlaryň emele gelmegi we agyz boşlugynyň ojaklaryndan hem-de gakylykdan inçekeseliň taýajyk şekilli ýokançlarynyň ýüze çykarylmagy beýleki keselleri inkär etmäge ýol berýär.

**Bejergisi.** Äň-ýüz töwereginiň inçekeseli bolan näsaglar ýöriteleşdirilen inçekesel hassahanasynda bejergi alýarlar. Umumy bejerginiň esasyny «*DOTS* taslamasy» boýunça geçirilýän derman bejergisi tutýar. Ol iňlis dilinden terjime edileninde «dermanyň kabul edilişine gönüden-göni gözegçilik edilmegini» aňladýar we ol ilki hassahana, soňra bolsa gatnap bejergi almak ýagdaýynda 6-8 aýyň dowamynda geçirilýär. «DOTS taslamasy» boýunça geçirilýän bejergi ilkibaşda inçekesele garşy ulanylýan dermanlaryň 3-4-üsini bellemegi (izoniazid, etambutol, rifampisin, streptomisin), keseliň ýagdaýyna baglylykda 2-3 aýdan soňra dermanlaryň ikisini (izoniazid we rifampisin) bejergi tamamlanýança ulanmak göz öňünde tutýar. Şeýle hem umumy derman bejergisi beden berkidiji dermanlary ulanmaklygy hem-de ýokumly iýmitlenmegi göz öňünde tutýar. Umumy bejerginiň üsti: agyz boşlugyny sagdynlaşdyrmak we päkizeliligini saklamak, başlary arassalamak ýaly ýerli bejeriş çäreleri bilen doldurylmalydyr. Amallar diňe berk görkezmeler boýunça, has takygy inçekesele garşy geçirilýän umumy bejerginiň iş ýüzünde netijeliligine we agyz boşlugyndaky, süňk dokumasyndaky ýerli kesel hadysasy çäklenen ýagdaýynda geçirilýär. Süňk içi ojaklary kesip ýarýarlar, olaryň içiniň düwür-düwür dokumalaryny gazaýarlar, çüýrän erkin ýatan süňk böleklerini aýyrýarlar, deşikleri kesip aýyrýarlar we başlary tikýärler ýa-da kseroformly hasa dykysynyň aşagynda dokumalaryň ikilenç birleşmesi bilen bitmegi üçin olaryň gyralaryny kesip tämizleýärler. Diş kök bagjygy inçekesel bilen zeperlenen dişleri hökman sogurýarlar. Geçirilen esasy derman bejerginiň we ýerli bejeriş çäreleriniň doly netijeliligindäki sagalmadan soňra, näsag 2 ýylyň dowamynda gözegçilikde bolmalydyr.

**Çaklamasy.** Inçekesele garşy öz wagtynda we dogry geçirilen umumy bejergide keseliň çaklamasy oňaýly.

Keseliň öňüni alyş çäreleri. Inçekeseliň bejergisiniň häzirki zaman usullaryny ulanmak äň-ýüz töwereginiň inçekesel zeperlenmeleriniň öňüni almakda esasy çäre bolup durýar. Kariýesiň we onuň gaýrüzülmeleriniň, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň we diş-ýany dokumalaryň keselleriniň bejergisini geçirmeli, agyz boşlugynyň päkizeligini saklamaly.

## 6.10. ÝÜZÜŇ DERI PEŞEHORDASY

Deri peşehordasy ýa-da deri leýşmaniozy ýyly we yssy howaly ýurtlar üçin hemişe şol ýerlerde duş gelýän ýönekeýjeleriň döredýän keselidir. Şeýle hem ol deri--nemli barda görnüşinde duş gelýär. Ýer togalagynyň Afrika yklymynyň Sahel,

Gündogar Afrika, şeýle hem ýakyn we Orta Gündogar, Arabystan ýarym ada ýurtlarynda, Maltada, Gresiýada, Ispaniýada, Italiýada, Portugaliýada, Balkan ýarym adasynyň käbir ýurtlarynda, Hindistanda, Şri-Lankada, Kambojada, Ýaponiýada, şeýle hem Merkezi we Günorta Amerika ýurtlarynda deri peşehordasynyň iri tebigy ojaklary bar. Bulardan başga-da, Kawkaz we Merkezi Aziýa ýurtlarynda, şol sanda Türkmenistanda hem tebigy ojaklary bardyr we bu ýurtlarda onuň diňe zoonoz (haýwanda ýaşap mugthorlyk edýän) görnüşi duş gelýär.

Deri peşehordasyny dörediji 1898-nji ýylda rus alymy P. F. Borowskiý tarapyndan Türkmenistanda tapylypdyr we ol ony «pendi başy» diýip atlandyrypdyr. Kesel dörediji ilkinji açan alymyň hormatyna bu kesele Borowskiniň keseli hem diýilýär. 1903-nji ýylda I. Raýt şunuň ýaly mugthorlary gündogar başynda ýüze çykarypdyr we olary «*Leishmania tropika*» diýip atlandyrýar. 1913-nji ýylda W. L. Ýakimow mugthoryň –deri peşehordasyny dörediji niň iki görnüşini: L. tropika minory we L. tropika majory ýüze çykarýar. Bu keseliň antroponoz (adamda ýaşap mugthorlyk edýän) (şäher, gury, giç baş görnüşe geçýän) görnüşi (bedende L. tropika minor mugthorlyk etmeginde döreýän, şäherlerde we uly şäherçelerde duş gelýän) we zoonoz (oba ýa-da çöl, tiz wagtda çüýreýän, suwjymak) görnüşi (bedende L. tropika major mugthorlyk etmeginde döreýän, çöl we ýarym çöl ýerlerde, obalarda duş gelýän) bar. Antroponoz görnüşinde ýokanç ojagy bitmedik peşehordaly adam, zoonoz görnüşinde – gemrijiler (uly, gyzylguýruk we günortançy boz syçanlar, inçebarmakly alaka) bolup durýar.

Deri peşehordasyny we onuň gaýrüzülmelerini (bertikleri we kemtikleri) öwrenmekde we bejergi çärelerini işläp düzmekde Türkmenistanly alymlaryň we TDLI-niň mugallymlarynyň (Ereşow M. E., Hanmämmedow N. M., Hüseýnowa H. K., Karimow Ş. M., 1971; Dadalýan W. W., 1971; Öwezow S. Ö., 1973) işleri bellärliklidir. Hususan-da, bu işler keseliň Türkmenistanda geçişiniň meselelerine we onuň aýratynlyklaryna, ýokanç ojagynyň dokuma gurluşyna we ýüzüň deri peşehordasyndan soňraky bertikleriň geçiş we gurluş aýratynlyklaryna, ondan soňraky bertik bolan we ýüzüniň synalarynyň kemtikleri bolan näsaglary, şol sanda çagalary, ir we işjeňlik bilen ýüze çykarmak, olaryň hirurgik bejergisine bagyşlanandyr. Geçirilen ylmy–amaly işler Türkmenistanda deri peşehordasynyň antroponoz görnüşiniň ýok edilmegine we zoonoz görnüşi bilen kesellemekligiň bolsa azalmagyna getirdi.

Türkmenistanda uly boz syçanyň tebigy kesel ýokançlylygy 90%-e çenli ýetýär. Gemrijilerden we näsag adamdan sagdyn adama peşehorda ýokanjyny geçirijiler aýakçylardyr.

Keseliň zoonoz görnüşinde gizlin döwür (kesel dörediji mugthorlaryň köpelýän döwri), köplenç, 5-den 15 güne çenli bolýar. Keseliň geçişiniň tümmejik

döwründe al-gyrmyzy reňkli, 3-4 *sm* ululykdaky, tüý haltajygynyň çişme keseline meňzeş, tekiz, sähelçe agyryly düwünjik emele gelýär. 2-3 gün geçeninden soňra ol ulalýar, al-gyrmyzy reňkli deri bilen örtülen 1-3 *sm* tegelek ölçegde guýguç şekilli çybana meňzeş gataňsy bolýar. Bu döwür 3-den 30 güne çenli, ortaça 2 hepde dowam edýär. Näsagda onlarça we ondan-da köp peşehordalar döremegi mümkin. Keseliň baş emele gelmek döwri gataňsylygyň merkezi bölegininiň çüýremeginden başlanýar. Peşehordanyň baş görnüşli döwre geçmegininiň öňüsyrasynda özeni gopan çybana örän meňzeşligi bolýar. Emma çybandaky ýaly güýçli agyrylar döretmeýär. Gataňsylygyň soňraky dargamagy tiz we agyrylaryň güýçlenmegi bilen geçýär. Netijede, tegelek, ölçegleri 4 *sm*-e çenli (käwagt 6-7 *sm-e* çenli) uly baş emele gelýär. Onuň düýbünde oňa balyk işbilleriniň şekilini berýän suwjumak düwür-düwür dokumalar we gyzyl reňkli emzijekler ösüp dolýarlar. Başyň gyralary, adatça, endigan, nagyşly ýaly, seýrek halatlarda – kert ýa-da ganawşekilli bolýarlar we gyralary bükülip, ortasyna süzme çalnan galyň kökäni ýada salýar. Keseliň başly döwründe, köplenç, tohumlanan tümmejikler (70-80% ýagdaýlarda), mahsusy düwünli, zolak şekilli, monjuk zolak şekilli, tor şekilli limfangit (76%-e çenli) emele gelýärler. Düwünler käwagt baş görnüşe geçýärler. Limfangitler başlangyç peşehordanyň başy biteninden 1-2 aý soňra aýrylýarlar. Mahsusy limfadenitler limfangitlere garanyňda seýrek (34% ýagdaýlarda) duş gelýärler. Şeýle-de, keseliň adaty iriňli limfangit bilen gaýrüzülmesi hem duş gelýär. Başlaryň bertikleşme döwri emzijek şekilli örgünler aýrylandan (baş emele geleninden 2-3 hepde soňra) soňra gelýär. Başyň örtgi dokuma bilen bitmegi onuň merkezi böleginden başlanýar. Bu ýagdaýda onuň gyralary boýunça gataňsylygyň dargamagynyň dowam etmegi mümkin. Munuň netijesinde baş halka ýa-da aýlaw şekilli görnüşe geçýär. Bertikleşme döwri 15-30 gün dowam edýär.

Umuman, tümmejik emele gelen wagtyndan başlap, bertik emele gelmegine çenli 2–6 aý, ortaça 3–4 aý geçýär.



*86-njy surat.* Ýüzüň (gözasty töwereginiň) peşehordasy

Peşehordanyň ýüzde duş gelmekligi seýrek däldir, hususan-da, adam ýüzi onuň bedeniniň iň bir açyk bolýan ýerleriniň biridir. Ýüzüň peşehordasynyň geçişi äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň we synalarynyň gurluş – ýerleşiş aýratynlyklary bilen kesgitlenýär we bedeniň başga ýerlerinde duş gelenindäkiden keseliň netijeleri bilen tapawutlanýar. Ýuka deri we nemli barda, kekirdewükden emele gelen özboluşly gurluşly ýüzüň synalary bolan gulak ýelkenlerinde, burunda peşehorda

döremegi ol synalarda doly ýa-da bölekleýin kemtiklere getirip bilýärler. Keseliň zoonoz görnüşiniň çagalarda burnuň, gulak ýelkenleriniň, dodaklaryň, gabaklaryň uly zeperlenmelerine getirýänligi bellärlikdir (*86-njy surat*).

Deri peşehordasy ýüzüň ýaňak–gözasty, eňek, gulakýany–çeýneýiş we maňlaý töwereklerinde ýüze çykmaklygy hem adamyň ýüzüniň keşbini bozýan uly çöken şekilli bertikleriň döremekligine getirip bilýärler.

Deri peşehordasynyň kesel kesgitlemesi keseliň hemişe duş gelýän ojak ýerlerinde bolnan wagtyny (maý–oktýabr aýlar arasy) nazara almak, keseliň geçişiniň alamatlary we ýokanç barlagy, şeýle hem bedeniň ýokary duýgurlylygynyň (Montenegro) barlagy esasynda goýulýar.

Peşehordanyň zoonoz görnüşinden soňra immunitet tiz döreýär we özüniň durnuklylygy (bütin ömri saklanýar) bilen tapawutlanýar.

Deri peşehordaly näsaglarda umumy (ulgamlaýyn) we ýerli bejergi geçirilýär. Bejergi deri-jynsy ýokanç keseller hassahanalarda geçirilýär:

umumy bejergi üçin solýusurum, wena içre, 3-4 hepde; ikilenç iriň dörediji ýokançly gaýrüzülmelerde ýokanja garşy we sulfanilamid dermanlary; trihopol; metasiklin ýa-da rondomisin; delalgil; plakwenil; wibramisin (doksisiklin); aminohinol; rifampisin; tetrasiklin we ş.m. birnäçe dermanlary ulanýarlar.

Deri peşehordasynyň ýerli bejergisinde mahsusy çişme tümmejiginiň daş-töweregi boýunça akrohiniň 5%-li ergini bilen (nowokainiň 1%-li ergininde) sanjyp çykýarlar, soňra bolsa 5%-li akrohin ýa-da 2-3%-li monomisin, 5-10%-li protorgol, 5-10%-li streptosid, 1%-li etakridin laktat, 5-10%-li sulfanilamid, 3%-li metasiklin we 5%-li tetrasiklin melhemini ýapýarlar. Soňky ýyllarda «*Leýşmanin*» melhemi hem teklip edilýär.

Deri peşehordasynyň aýratyn, çäkli ýerde täze dörän halatlarynda hirurgik usullara degişli edilýän suwuk azotyň kömegi bilen sowuk täsiri, lazer şöhlesiniň täsiri we elektrik toguň kömegi bilen köýdürmek ýaly bejergiler ulanylyp bilner.

Deri peşehordasynyň waksina bilen bejergi usullary heniz doly işlenilmedik.

Deri peşehordasynda keseliň netijesiniň çaklamasy oňaýlydyr, kesel näsagyň jany üçin howp bolup durmaýar.

Keseliň zoonoz görnüşi bilen kesellän näsaglar bejergi geçirilmedik ýagdaýynda hem 3–6 aýdan sagalýarlar, emma ýüzde ýerleşen köpsanly peşehorda başlary dokumalaryň zaýalanmagyna we dargamagyna getirip, düýpli owadanlyk, keşp bozulmalaryna getirip bilýärler.

Deri peşehordasynyň öňüni almak üçin keseliň ýaýramagyna üç ugur boýunça täsir etmek çärelerini geçirýärler: ýokanjyň saklanýan ýerleri (gemrijileri ýok etmek), zyýansyzlandyryjy çäreler (gemrijileriň hinleriniň we ilatly ýerleriň daş-töwereklerinde zyýansyzlandyryjy çäreleri geçirmek), sagdyn adam (keseliň ýokaşýan ýeri, adamlaryň aýakçylardan goranmagy we deri peşehordasy bolan näsaglary ir ýüze çykarmak).

Deri peşehordasyny üçülenç merezýelden, deri iriňli gabarçagy, çyban, üznüksiz deri iriňlemesi, deri inçekeseli, baş görnüşli deri kanseri, ulgamlaýyn deri gyzylgurt, Bek sarkoidi, blastomikoz, şeýle hem düwünjikli çüýreme damar çişmesi ýaly kesellerden tapawutlandyrmak gerek. Kesel kesgitlemesini keseliň degişli geçişi bolanynda, häsiýetli monjuk şekilli limfangit bolanda, şeýle hem barlanylýanyň tomus paslynda keseliň duş gelýän tebigy ojagynda bolanlygy baradaky maglumat we onda peşehorda mugthorynyň ýüze çykarylmagy (tümmejikden, düwünden ýa-da başyň dargamadyk gyrasyndan gazama çyrşak-ýokundy alyp geçirilen ýokanç barlagy) esasynda goýýarlar.

## 6.11. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ MEREZÝEL ZEPERLENMESI

Merezýel – bu üznüksiz ýokanç we esasan, jynsy gatnaşyklar bilen geçýän kesel bolup, hemme synalary we dokumalary, şol sanda äň-ýüz töweregini hem zeperläp bilýär.

**Döremeginiň sebäbi.** Merezýeli dörediji – burma şekilli solak ýokanç, adam bedeninde özbaşdak görnüşde howaly şertlerde köpelýär we köplenç, limfa ulgamynda ýerleşýär.

**Keseliň döreýşi.** Merezýel keseliniň ýokuşmagy, esasan, jynsy gatnaşyklar bilen geçýär. Burma şekilli solak ýokanç nemli barda ýa-da derä, köplenç, olar zeperlenenindе düşýär. Keseliň ýokaşmagy jynsy däl ýol bilen (durmuş merezýeli) we merezýeli bolan näsag eneden çagasyna düwünçek içre (doga merezýel) geçip bilýär.

**Keseliň görnüşi.** Keseliň birnäçe döwri bar: gizlin, ilkinji, ikilenç we üçülenç.

Ýüzüň, äňleriň we agyz boşlugynyň dokumalarynda merezýeliň alamatlary keseliň ilkinji, ikilenç we üçülenç döwürlerinde ýüze çykýar, şeýle hem doga merezýelde käbir alamatlar bolýar.



*87-nji surat.* Merezýeliň ilkinji döwri. Diliň gapdal tarapynyň dykyz merezýel başy

Merezýeliň ilkinji döwri nemli bardada, şol sanda agyz boşlugynda hem, ilkinji dykyz merezýel başynyň döremegi bilen häsiýetlendirilýär (*87-nji surat*).

Merezýeliň ikilenç döwründe, köplenç, agyz boşlugynyň nemli bardasy zeperlenýär we iriňli gabarçyk ýa-da gyzyl tegmil şekilli alamatlar emele gelýär. Merezýeliň bu alamatlary terapewtik stomatologiýa okuwynda geçilýär.

Merezýeliň ikilenç döwründäki seýrek zeperlenmesi – süňk bardasynyň zeperlenmesidir. Ol äňiň, köplenç, aşaky äňiň, süňk bardasynyň ep-esli ýerini eýeleýär.

Bu mahsusy zeperlenme uzak we haýal geçişi bilen tapawutlanýar. Galňan süňk bardasy hamyr şekilli dykyzlyk ýagdaýyna geçýär, emma süňk bardasty iriňli ojak emele gelmeýär. Ýuwaş-ýuwaşdan süňk bardasynyň zeperlenen ýerleri dykyzlaşýar, üsti düz belentlikler emele gelýär.

Merezýeliň üçülenç döwri kesel başlanyndan 3-6 ýyl we ondan-da köp wagt soňra döreýär we örtgi dokuma astynyň merezýel düwni – gumma diýlip at berilýän üýtgemeleriň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Merezýel düwünleri nemli bardada, äňleriň süňk bardasynda we süňk dokumasynda ýerleşip biler. Merezýeliň üçülenç döwrüniň alamatlarynyň hemişe ýüze çykyp durmaýanlygyny ýatda saklamaly. Şunuň bilen baglanyşyklylykda üçülenji merezýeliň işjeň ýa-da okgunly we açyk görnüşleri bar.

Merezýel düwünleri emele geleninde ilkibaşda dykyz, agyrysyz düwün döreýär, soňra ol düwnüň özeniniň bölünip gopmagy bilen ýuwaş-ýuwaşdan ýarylýar. Dörän merezýel düwün başy ýanardag çukury görnüşde, ellenilip barlanylanda agyrysyz bolýar. Onuň gyralary tekiz, dykyz, düýbi düwür-düwür dokumalar bilen örtülen.

Diliň merezýel zeperlenmesi düwünli çişme, muskul öýjügara birleşdiriji dokuma özeniniň ýaýraň çişmesi we olaryň utgaşygy görnüşinde ýüze çykýar.

Merezýeliň üçülenç döwri süňk bardasynyň zeperlenmesi aşaky äňiň, seýrek halatlarda ýokarky äňiň süňk bardasynyň ýaýraň, dykyz, endigan siňen çişme gataňsylygy bilen häsiýetlendirilýär.

Soňra galňan süňk bardasy ýuwaş-ýuwaşdan nemli barda bilen birleşýär, äňleriň bedeniniň töwereginde bolsa deri bilen birleşýär, merezýel düwün ýumşaýar we merkezinde deşik ýa-da baş emele getirip, daşyna tarap ýarylýar.

Äňiň süňk bardasyndaky baş, üstünde, köplenç, oklawjyk şekilli galňan dokuma emele getirip, ýuwaş-ýuwaşdan bertikleşýär.

Öýjükli ösüntginiň süňk bardasy zeperleneninde kesel hadysasyna dişler hem çekilip biler, olaryň agyrysy we yrgyldamagy ýüze çykýar. Kesel süňk bardasyndan süňke geçip biler.

Rentgen suratda süňk bardasyndaky merezýel düwünleriň ýerleşýän ýerlerine degişlilikde, süňkde seýrekleşme ojaklary, şeýle hem süňküň gabyk gatlagynyň ýüzüniň eräp aýrylmagy ýüze çykarylýar. Kesele dişler hem çekilen ýagdaýynda olaryň öýjükleriniň dykyz perdejikleriniň eräp bozulmagy bolup geçýär. Süňk bardasynyň ösmegi rentgen suratda äňiň gyrasy boýunça oklawjyk şekilli kölege döredýär, şeýle hem kähalatlarda süňk emele getiriji süňk barda çişmesiniň görnüşini döredýär.

Merezýeliň üçülenji döwründe süňk dokumanyň üýtgemeleri äňlerde, burun süňklerinde, burnuň orta diwarynda ýerleşýär. Kesel hadysasy merezýel düwnüniň ösüp emele gelmegine baglylykda süňküň galňamagyndan başlanýar. Näsagy güýçli agyrylar, kähalatlarda eňek, gözüsti we gözasty, burunkentlewük nerwleriniň şahalanma ýerleriniň duýgurlygynyň bozulmagy biynjalyk edýär.

Soňabaka merezýel düwni bir we birnäçe ýerlerde, süňk bardasyna, nemli barda ýa-da derä ösüp birleşýär, ýukalýar, bir ýa-da birnäçe ýumşan ýerler döreýär, deşikler emele getirip düwünli ojaklar daşyna tarap ýarylýar. Çüýrän süňk bölekleri hemişe emele gelmeýär, käbir näsaglarda olar kiçeňsi bolýar. Diňe ikilenç iriň dörediji ýokançlaryň ýolukmagy süňküň has uly böleginiň çüýremegine we olaryň bölünmegine getirýär.

Ýokarky äň merezýel düwünli hadysa bilen zeperlenende we ikilenç ýokanç ýoluganynda agyz boşlugynyň burun boşlugy ýa-da ýokarky äň boşlugy bilen habarlaşýan deşigi (*88-nji surat*) emele gelýär.



*88-nji surat.* Merezýeliň üçülenç döwründe merezýel düwnüniň dargamagy netijesinde dörän gaty kentlewügiň deşigi (kemtigi)

Merezýel düwni darganyndan soňra süňkde bodar, dykyz, köplenç, çekip duran bertikleri emele getirip, ýuwaş-ýuwaşdan dokumalaryň bitmegi amala aşýar. Süňkde, esasan hem, süňk kemtikleriň gyralary boýunça süňk galňamalary, süňk çykyndylary döreýärler.

Gaty kentlewügiň, ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň merezýel düwünli zeperlenmesi boşlugyndaky we gönüden-göni burun perdesiniň hem-de burun süňkleriniň zaýalanma we dargama hadysasyna meňzeş bolup geçýär. Mahsusy çişme hadysa ojagynyň şunuň ýaly ýerleşmegi gaty kentlewügiň aňyrsyna geçýän deşik kemtiginiň emele gelmegine, burnuň arkasynyň çökmegine getirýär.

Süňküň merezýel düwünli zeperlenmeleriniň rentgen görnüşi dykyzlaşan süňk dokuma bilen gurşalan dürli ölçeglerdäki süňk bozulma ojaklary bilen häsiýetlendirilýär. Aşaky äňiň bedeni, burçy zeperleneninde takyk, tekiz gyralary we ony gurşap alýan süňk dokumalaryň has güýçli bildirýän dykyzlanmasy bilen süňküň ýeke-täk, käwagt has uly ereme ojagy ýüze çykarylýar.

Doga merezýel hem agyz boşlugynyň, äňleriň dokumalarynyň we dişleriň zeperlenmegi bilen bolup geçýär.

**Kesel kesgitlemesi we deňeşdirme anyklamasy.** Merezýeliň kesel kesgitlemesi Wassermanyň barlagy we beýleki serologik barlaglary bilen takyklanylýar. Ýokanç barlagynyň we solak treponemany ýüze çykarmagyň, şeýle hem zeperlenen dokumalaryň dokuma gurluş barlagynyň wajyp ähmiýeti bardyr.

Agyz boşlugynyň, dişleriň we äňleriň merezýel zeperlenmeleriniň deňeşdirme kesel kesgitlemesi bellibir kynçylyklar döredýär. Dodaklaryň ilkinji dykyz me-

rezýel başy baş görnüşli dargaýan kanseri ýatladyp biler. Emma kanser başynyň düýbi has çuňňur we dykyz bolýar, düýbi büdür-südür, aňsatlyk bilen ganaýar. Çişiň anyklamasyny dokuma gurluş barlagy çözýär.

Merezýeliň üçülenç döwrüniň düwünli zeperlenmesinde agyz boşlugynyň nemli bardasynyň merezýel düwünleriniň şikes netijesinde emele gelýän başlar bilen birnäçe umumy alamatlary bar. Şikes netijesinde emele gelen başlar düýbüniň ýumşaklygy, agyrylylygy bilen häsiýetlendirilýär.

Merezýel düwünli dil çişmesini inçekeseldäki diliň başyndan, aýratyn hem köpsanly kiçi ojakly görnüşinden tapawutlandyrmak gerek. Inçekesel başynyň gyralary oýulan, ýumşak, biraz kert gyraly, onuň düýbi aňsatlyk bilen ganaýar, el bilen barlanylanda güýçli agyryly bolýar.

Dilde ýerleşen merezýel düwünli hadysa hem kanserdäki zeperlenmäni ýatladyp biler. Kanseriň bardygyna başyň düýbüniň gatylygy, onuň bellibir görnüşiniň bolmazlygy, köplenç, büdür-südür we galyp duran gyraly bolmagy, aňsatlyk bilen ganamagy şaýatlyk edýär.

Äňleriň süňk bardasynyň we süňk dokumasynýň merezýel zeperlenmesini bu dokumalaryň mahsusy däl we mahsusy çişme kesel zeperlenmelerinden tapawutlandyrmak gerek. Äňleriň süňk bardasynyň ýa-da süňküniň mahsusy däl çişme keselleri hemişe diş keseli sebäpli döreýänligi we has aýdyň ýüze çykýan ýiti döwrüniň barlygy bilen merezýelden tapawutlanýar.

Merezýel düwünleriniň we aktinomikoz ojaklarynyň deňeşdirme anyklamasy aktinomikozyň birnäçe alamatlaryna: gataňsylygyň has dykyzlygyna we onuň çäkleriniň anyk dälligine, birnäçe ýerlerde abssesiň döremegine we soňra sähelçe iriň akýan deşikleriň emele gelmegine esaslanýar. Iriňiň barlagy şöhle şekilli kömelejikleriň toplumyny ýüze çykarmaga ýol berýär.

Süňkdäki merezýel düwünli hadysa kanseri ýa-da sarkoma çiş keseli ýaly, ýalan görnüşde bolup biler. Çişiň bardygyna çalt ulalmaklygy, häsiýetli rentgen görnüşi we kesilip alnan çiş dokuma bölejiginiň barlagynyň netijesi şaýatlyk edýär.

**Bejergisi.** Merezýeliň bejergisi jyns gatnaşyklary arkaly kesel ýokuşan näsaglaryň ýöriteleşdirilen ýatymlaýyn bejergisi bölüminde amala aşyrylýar.

Merezýeliň umumy bejergisi bilen bir hatarda agyz boşlugynda we äňlerde ýerli bejergi geçirilýär. Ol merezýeliň zeperlenmelerini, başlaryny, deşik akabalaryny dürli zyýansyzlandyryjy erginler, köplenç, hloraminiň 2%-li ergini bilen ýuwmak arkaly amala aşyrylýar. Her üç günden artykmaç emele gelen düwür-düwür dokumalary hrom turşusynyň 10%-li ergini bilen ýakýarlar.

Merezýel bilen äňleriň süňk dokumasy zeperlenende wagtal-wagtal pulpanyň elektroduýgurlygyny barlamak, görkezmeler boýunça ölen pulpany dişiň täjini açmak we ony üznüksiz periodontidiň bejerilişiniň esaslary boýunça bejermek maksadalaýykdyr.

Merezýel periodontidi dörände dişleriň güýçli yrgyldaýanlygyna garamazdan, olary sogurmaly däl. Görkezmeler boýunça akabalary petiklemek bilen dişleriň

bejergisi geçirilýär, ýörite umumy bejergiden soň bolsa, olar ýeterlik derejede berkeýärler.

Ikilenç iriň dörediji ýokanç goşulanda, umumy we ýerli ýokançlara garşy täsir edýän derman serişdelerini ulanmak görkezilendir.

Merezýelde äňleriň süňk bardasy zeperlenende we hatda çüýrän erkin süňk bölekleri emele gelende hem düýpli hirurgik bejergi görkezilen däldir. Olary ýörite bejergiden soňra, kesel ýatyşan ýagdaýynda we zeperlenen ýer çäkleneninde aýyrýarlar.

Agyz boşlugynyň umumy arassaçylyk ýagdaýynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Dişleriň daşlaryny aýyrýarlar, dişleriň ýiti gyralaryny düzleýärler, agyz boşlugynyň arassaçylygyny geçirýärler.

**Çaklama.** Öz wagtynda anyklanylanda we dogry bejerilende, şeýle hem soňra yzygiderli bejergi gözegçiligi geçirilende, keseliň çaklamasy umuman, oňaýly. Näsaglar bejerilenden we gözegçilikden aýrylandan soňra ýüzündäki, agyz boşlugyndaky, gaty kentlewükdäki we başga ýerlerdäki kemtikleri amal usuly bilen düzedilip bilner.

**Öňüni alyş çäreleri.** Merezýeliň öňüni alyş çärelerinde onuň durmuş taraplaryndan başga-da, agyz boşlugynyň arassaçylygynyň, ondaky jaýryklaryň we başga zeperlenmeleriň döremeginiň öňüni almagyň uly ähmiýeti bardyr.

## 6.12. ÝÜZÜŇ ÇYBANY WE DOKUZDONLUSY

**Çyban (furunkul)** – bu tüý haltajygynyň we onuň daş-töweregindäki birleşdiriji dokumanyň ýiti iriňli-çüýreme çişme keselidir. Kesel, köplenç, ýaş adamlarda duş gelýär. **Dokuzdonluda (karbunkulda)**, çybandan tapawutlylykda bir wagtyň özünde birnäçe tüý haltajyklaryň zeperlenmesi bolýar. Ol deriniň çuňňur gatlaklarynyň we derasty gatlagyň ýaýraň iriňli-çüýreme çişmesi bilen häsiýetlendirilýär.

**Ýüzüň çybanlary**, köplenç, dodaklaryň, eňegiň töwereginde, burunda, seýrek halatlarda maňlaýyň we ýaňaklaryň derisinde duş gelýär. Çybanyň döremegini, adatça, üç döwre bölýärler. Ilkibaşda biraz agyryly, sähelçe çäklenen gyzarma we ýellenme döreýär. Soňra ilkinji 1-2 günüň dowamynda tüý haltajygyň deşiginiň töwereginde uly bolmadyk gabarçak ýa-da çäklenen düwünjik emele gelýär, aşagynyň dokumalary dykyzlaşýar, gataňsy ýeriň derisiniň gyzarmasy has-da artýar, ýiti agyry ýüze çykýar. Iriňli-çüýreme ojagy bilen serhetleşýän dokumalarda has güýçli bildirýän ýellenme döremegi, ýüzüň çybanlaryna bolan häsiýetli aýratynlykdyr. Çybanyň döremeginiň ikinji döwri iriňlemek we çüýremek bilen häsiýetlendirilýär. Kesel başlanyndan 3-4 gün geçeninden soňra bulkuldy alamaty bilen ýüze çykýan dokumalaryň iriňli eremegi bolup geçýär. Çyban özbaşdak ýa-da amal bilen kesilip ýarylanyndan soňra gan garyndysy bolan köp bolmadyk iriň çykýar. Ýüzleý deri gatlagynyň kemtiginiň ýerinde çüýreme özeni görünýär we ol iriň bilen bilelikde özbaşdak aýrylyp gidýär ýa-da jübtek bilen aýrylýar. Soňra çybanyň ýerinde uly bolmadyk baş emele gelýär we ol düwür-düwür dokumalar bilen dolýar. Wag-

tynda we yzygiderli geçirilen bejergi netijesinde dokumalaryň ýellenmesi ýuwaş-ýuwaş kiçelýär we absses döremezden yzyna gaýdyş geçişi bolýar. Keseliň üçünji döwrüne uly bolmadyk, sähelçe çekilip duran bertik emele getirip, ýaranyň bitmegi häsiýetlidir. Çendenaşa köp iriň ýygnananda we çüýreme özeni erän ýagdaýynda keseliň abssesleşen çyban diýlip atlandyrylýan görnüşi (*89-njy a, b suratlar*) döreýär.



*a)* *b)*

*89-njy a, b suratlar.* Ýüzüň çybany we dokuzdonlusy:
*a* – ýokarky dodagyň çybany; *b* – burnuň üstüniň dokuzdonlusy

Ýüzüň çybanlary seýrek bolmadyk halatlarda sebitleýin limfadenitiň döremegine getirýär, ýöne limfa düwünleri seýrek iriňleýärler. Beýle näsaglarda beden zäherlenmesiniň ýüze çykmalary bolan kellagyry, üşütme, umumy gowuşgynsyzlyk alamatlary döreýär. Aýratyn agyr görnüşe geçmek ýokarky dodagyň, burun-dodak üçburçlugynyň töweregindäki çybanlara häsiýetlidir. Beýle çybanlar seýrek bolmadyk ýagdaýda gorkuly gaýrüzülmeler – ýüz wenalarynyň we gowakly sinusyň tromboflebitini, sepsis we kellebeýni çişmesini – meningoensefalidi döredýändikleri sebäpli, «howply» adyny alandyr. Çybanyň «howply» geçişiniň sebäpleri olary gysyp çykarjak bolmak synanyşyklary, şeýle hem saglyk öýüniň şertlerinde näsaglary uzak wagtlap we netijesiz bejermeklikden görýärler. Saglyk öýüniň şertlerinde hemişe doly göwrümde we maksadalaýyk bejergi geçirip bolmaýar.

**Dokuzdonlynyň** döremegi çybanda bolşy ýaly, gabarçyklaryň emele gelmeginden başlanýar. Emma dokuzdonlyda çalt dykyz we örän agyryly gataňsylyk döreýär; gataňsylyk diňe bir deriniň hemme gatlaryna yaýramak bilen çäklenmän, eýsem, derasty ýag gatlaga hem geçýär. Gataňsylygyň üstüniň derisi gögümtil-gyzyl reňkli bolýar. Dokuzdonla birnäçe iriňli-çüýrän ojajyklaryň döremegi häsiýetlidir. Soňabaka dokuzdonlynyň merkezi böleginde çüýrän dokumalar ýumşaýar we gopýar (*89-njy b surat*).

Ýüzüň dokuzdonlusynda, çybandaky bolşy ýaly, sebitleýin limfadenit ýüze cykýar. Beýle näsaglaryň ýagdaýy, adatça, agyr bolýar. Bedeniň gyzgyny 39-40°C-ä çenli ýetýär, seýrek bolmadyk ýagdaýlarda titredýän üşütmeler döreýär. Iriňli zäherlenme gyzdyrmanyň başga alamatlary hem (bildirip duran ganyň ak öýjükleriniň köpelmegi, olaryň düzüminiň «çepe» süýşmegi, *EÇT*-niň güýçli ýokarlanmagy, bedeniň deri örtükleriniň öçügsiligi) ýüze çykýar. Ýüzüň dokuzdonlulary çybanlara garanyňda, ýüzüň wenalarynyň we gowakly wena damarlaryň tromboflebiti, iriňiň gana düşmegi we ş.m. bilen köp gaýrüzülýärler.

**Bejergisi.** Gaýrüzülmesiz geçýän çybanlaryň, aýratyn hem I döwründe, bejergisi amalsyz we adatça, Stomatologiýa merkeziň ýa-da Saglyk öýüň şertlerinde geçirilýär. Ilkinji nobatda hemme daşky gyjyndyrmalary: sakgal-murty syrmaly, çybanyň töwereginiň islendik kiçi şikeslerini aýyrmaly. Ýüz dokuzdonlusy bolan näsaglara düşekde ýatmak, az geplemek we turbajyk arkaly iýmitlenmek gerek. Süýji keselli näsaglarda geçirilýän bejergi has-da köp yhlasy talap edýär.

Çybanyň daş-töweregindäki ýüzüň derisini 2%-li salisil spirti, 70%-li etil spirti bilen arassalaýarlar, soňra zyýansyzlandyrylan sargy goýýarlar. Deri kesel lukmanlary çybanda iriňli ojak ýarylýança ýokanja garşy, deri buýnuzlaşmasyny güýçlendirýän agyrysyzlandyryjy täsiri bolan arassa ihtiol bilen bejermegi maslahat berýärler. Ýokarda aýdylan amal bejergi usulyny geçirmekden başga-da, gataňsy dokumalary nowokainiň ýokanja garşy derman erginleri bilen geçirilýän sanjym gabawlary hem oňat netijeleri berýär. Olary seýrek bolmadyk ýagdaýlarda 2-3 gezek geçirýärler. Nowokaini gataňsy ýeri gurşap alan dokumalara haýal we endigan goýbermek gerek. Güýçli agyrylylygy sebäpli, agyrysyzlandyryjy ergini we ýokanja garşy dermany gataňsy dokumalara goýbermeklik maksadalaýyk däldir.

Beden zäherlenmesi bilen geçýän ýüzüň çybanlarynda we dokuzdonlusynda ýokanja garşy dermanlar we sulfanilamidler bilen umumy kabul edilen düzgünler boýunça güýçli bejergi geçirilýär. Soňky ýyllarda çybanlaryň we dokuzdonlularyň bejergisinde bedeniň mahsusy däl goranyş güýçlerini galdyrmaklyga we immun bejergä uly ähmiýet berilýär. Gaýtalap durýan çybanlarda ulanylýan mahsusy däl ýardam beriji bejergi serişdelere gan guýmak, öz ganyny sançmak, pirogenal, prodigiozan we ş.m. degişlidir. Ýüzüň çybanlarynda we dokuzdonlularynda işjeň mahsusy immun bejergini stafilokok antifagini we bakteriofagy, stafilokok anatoksini bilen geçirýärler. Gowşak mahsusy immun bejergini giperimmun antistafilokok syworotkany we mahsusy antistafilokok täsirli gammaglobulin bilen amala aşyrylýar. Gorkuly gaýrüzülme bolan ýüz wenalarynyň tromboflebitiniň we gowakly sinusyň trombozynyň döremezligi üçin lagtalanma garşy bejergi bellenilýär. Ýüzüň çybanlarynyň we dokuzdonlularynyň toplumlaýyn bejergisinde fiziki bejeriş usullarynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Çybanyň başlangyç döwürleri3de ultramelewşe şöhleler, *HÝÝ* elektrik meýdany oňat netijeler berýär. Soňky ýyllarda geliý-neon la-

zere (*GNL*) artykmaçlyk berilýär. *GNL* 1-2 gezek şöhlelenmesinden soňra (2-3 *minutyň* dowamynda şöhle tutulanynda) agyry aýrylýar, gataňsylygyň we töwerekleýin ýellenmäniň ölçegleri kiçelýär. *GNL* ulanylan ýagdaýynda gataňsylyk ýa aýrylmak bilen bolýar ýa-da onuň abssese geçmegi tizleşýär.

Ýüzüň çybanlarynyň amal bejergisini olaryň abssese geçen ýagdaýlarynda geçirýärler, kesileninden soňra boşlugyň suwuklygy çykar ýaly sargy goýýarlar. Ýüzüň dokuzdonlularynyň bejergisi has çylşyrymly mesele bolup durýar.

Ýüzüň çybanlarynda, aýratyn hem dokuzdonlularynda örän agyr gaýrüzülmeleriň döremek mümkinçiligini nazara alyp, olary ir ýüze çykarmak we ir toplumlaýyn bejergi geçirmek maksady bilen ýöriteleşdirilen hirurgik bölümlerde bu topar näsaglara lukmançylyk kömegini bermegiň guramaçylyk esaslary işlenilip düzülendir.

Ýüzüniň gaýrüzülmedik çybany bolan näsaglar hem hirurg-stomatologlaryň, Saglyk öýleriniň hirurglarynyň gözegçiliginde durmalydyrlar. Gaýrüzülmeleriň döremegi: ýüzüň çybanynda onuň abssese geçmegi, bedeniň zäherlenmesiniň we gyzgynynyň ýokarlanmagy, dokuzdonlynyň döremegi näsaglary umumy hirurgik ýa-da hirurgik stomatologik bölümlere ýatymlaýyn bejergä ýerleşdirmek üçin görkezme bolup durýar. Ýüz wenalarynyň we beýni sinuslarynyň tromboflebitinde köpugurly bejergi geçirilýänligi sebäpli, beýle näsaglara gözegçilik we bejergi anesteziologiýa we reanimasiýa bölümlerinde alnyp barylmalydyr.

Ýüzüň çybanlarynyň we dokuzdonlularynyň döremezligi üçin, ilkinji nobatda, adam bedeniniň kesel dörediji stafilokoklarynyň esasy ýygnanýan ýerleri bolan deriniň iriňlije keselleriniň öňüni alyş çärelerini geçirmeli, agyz we burun boşluklarynyň sagdynlaşdyrylmagy gerek.

## 6.13. OTBAŞ KESELI

Otbaş keseli – zoonoz (haýwanda ýaşap köpelýän) ýokanç sebäpli döreýän, seýrek duş gelýän ýiti ýokanç keseldir.

Otbaş keseli has durnuklylyk bilen tapawutlanýan gramoňaýly barda emele getiriji taýajyk şekilli ýokanjyň döredýän keselidir.

Otbaş keselini dörediji ýüzüň derisi, agyz boşlugynyň, burnuň nemli bardasy arkaly haýwanlardan, ýüňden, deriden, etden we ş.m. geçýär. Siňekler we beýleki mör-möjekler otbaş taýajyklaryny geçirijilerdir.

Kesel, köplenç, ýylyň tomus-güýz pasyllarynda ýüze çykýar. Otbaş keseliniň gizlin döwri 2-14 gün dowam edýär.

Otbaşy dörediji dokuma içine düşeninde çişme, gorag we ölüm häsiýetleri bolan daşy zäherli madda bölüp çykarýar. Üç dürli häsiýetli maddalaryň işjeňliginiň dürli utgaşyklylygy keseliň dürli umumy we ýerli alamatlaryny döredýär. Ýüzüň derisiniň zeperlenmegi ýokaşdyryjy maddanyň az mukdarynda we ol ýüzleý düşeninde döreýär.

Otbaş keseliniň çäklenen görnüşinde (dokuzdonluda) kesel döredijiniň giren ýerinde, çüýreme ýeriniň dokumalarynyň ýellenmesi we sebitleýin limfa düwün çişmesi – limfadenit bilen iriňsiz-gan inme çişme ojagy ýüze çykýar. Hereket edýän makrofaglar otbaş keselini döredijini limfa damarlary boýunça limfa düwünlerine eltilmegine ýardam edýär we ol ýerlerde iriňsiz, iriňsiz-gan inme ýa-da çüýreme-gan inme çişme hadysasyny döredýär. Kesel ýüzde, köplenç, otbaş dokuzdonlusynyň we sebitleýin limfadenitiň döretmegi bilen çäklenýär, emma käbir ýagdaýlarda tutuş bedene ýaýran ýokanç keseliň döremegi hem mümkin.

**Keseliň görnüşi**. Adatça, äň-ýüz töwereginde otbaş keseliniň çäklenen (deri) görnüşi ýüze çykýar. Kesel haýal we ýuwaşlyk bilen, güýçli bildirýän umumy alamatlary döretmän emele gelip biler, emma bedeniň gyzgynynyň 38°C-ä çenli ýokarlanmagyna getirip biler. Ilki özboluşly gijilewük bilen tapawutlanýan ýüzüň derisiniň düwünjigi emele gelýär. Düwünjigiň merkezinde gan öýmeli iriňli gabarçak ýerleşýär, onuň daş-töweregin-de ýerleşen dokumalarda bolsa has bildirip duran gataňsylyk we ýellenme emele gelýär. Iriňli gabarçak öz-özünden ýarylýar we gataňsylygyň üst ýüzünde gaty gemre – gara reňkli kesmek emele gelýär. Kesmegiň daşynda aýlaw görnüşinde, içinden iriň bolmadyk suwuklyk akýan köpsanly gabarçaklar ýerleşen gataňsylyk ýerleşýär. Düýbi gara bolan baş emele gelýär, onuň gyralary aýlaw görnüşinde pökgerip durýar. Töwereginiň dokumalary ýellenýär we gataňsy bolýar. Başyň gyralary boýunça hem gabarçyklar daşyna ýarylýar we 5-6 günden soň dokuzdonly emele gelýär. Limfa düwünleri – äňasty, eňegasty, boýun we ş.m. düwünler ulalýar we gataňsy ýagdaýda (*90-njy surat*) bolýarlar.



*90-njy surat.*. Ýüzüň otbaş keseliniň edamatoz-bullýez görnüşi

Otbaş çybany ýa-da dokuzdonlusy ýokanjyň ýaýramagy we tutuş bedene geçmegi bilen gaýrüzülip biler. Bu ýagdaý onuň umumy ýagdaýynyň has-da agyrlaşmagy, bedeniniň gyzgynynyň 40°C-ä çenli ýokarlanmasy, üşütme we zäherlenmäniň beýleki güýçli bildirýän alamatlary bilen bolup geçýär.

Otbaş keseliň ojagy agyz boşlugynyň nemli bardasynyň üstünde hem döräp biler. Bu ýerde hem gataňsylygyň üstünde iriňli gabarçyk emele gelýär. Töwereginiň dokumalarynyň ýellenmesi hem güýçli bildirýär. Damagyň yzky böleginiň ýellenmesi ýuwdunma agyrysyny, sesiniň gyrylmagyny, dem alşyň kynlaşmagyny döredýär.

Kesel kesgitlemesi we deňeşdirme anyklamasy. Otbaş keseliniň anyklamasy häsiýetli bolan görnüşine we aýratynda kesel ojaklaryndan iriň akmaýanlygyna,

şeýle hem iriňli gabarçyklaryň içinden, çüýrän ýerlerden, başyň içinden kesel ýokanjynyň ýüze çykarylmagyna esaslanýar. Mundan başga-da, ýokanç barlagy üçin gan, nejesat alnyp bilner. Anyklama üçin antraksin bilen deriniň beden ýokary duýgurlyk barlagyny ulanýarlar.

Otbaş keselini çybandan, dokuzdonludan we beze çişmesinden tapawutlandyrýarlar.

**Bejergisi.** Ýüzüň ýa-da agyz boşlugynyň nemli bardasynyň otbaş kesel çybanyny ýa-da dokuzdonlusyny amal däl usullar bilen bejerýärler: rahatlyk ýagdaýyny belleýärler we melhemli sargylary ulanýarlar. Umumy zähersizlendirme, umumy beden berkidiji bejergini geçirýärler, ýokanja garşy we sulfanilamid dermanlary belleýärler. Otbaş keselindäki zeperlenmeler agyr geçeninde, şeýle hem kesel tutuş bedene geçeninde bejergi has güýçli depginli bolmalydyr. Pensillini başga bir ýokanja garşy derman bilen utgaşdyryp, bir gezek mukdaryny 1 500 000-2 000 000 birlige çenli artdyrýarlar we bir gije-gündizde 6–8 gezek sançýarlar. Ýokanja garşy dermanlar çalşyrylanlarynda tetrasiklin hatarynyň dermanlaryny, lewomisetini, sefalosporinleri, makrolidleri we ş.m. ulanmak maslahat berýärler.

**Çaklamasy.** Otbaş keseliniň deri görnüşlerinde çaklamasy oňaýlydyr. Kesel tutuş bedene ýaýranynda, şeýle hem bedeni gowşak näsaglarda keseliň çaklamasy howatyrlydyr.

**Keseliň öňüni alyş çäreleri.** Ýüzüň, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň otbaş keseliniň öňüni alyş çäreleri näsag haýwanlar bilen işlenilende arassaçylyk düzgünleri, haýwanlaryň derisi, ýüňi, eti bilen işlenilende umumy arassaçylyk we kesellere garşy çäreleri berjaý etmeklige gönükdirilen bolmalydyr. Deriniň we agyz boşlugynyň dogry arassaçylygyny geçirmeklik talap edilýär. Otbaş keseliniň öňüni almak üçin keselleriň ýaýramagyna garşy berk görkezmeler boýunça sanjylýan *СТИ* waksinany ulanýarlar. Otbaş keselli näsag, haýwanlar ýa-da kesel ýokuşan zatlar bilen gatnaşykda bolan adamlar ykjam barlanylmaga, gözegçilik edilmäge we görkezmeler bolanynda bejerilmäge degişlidirler.

## 6.14. ÝÜZÜŇ BEZE ÇIŞMESI

Beze çişmesi ýokanç keseli bolup, deriniň we nemli bardanyň ýiti iriňsiz ýa-da iriňsiz-gan inme çişmesi, bedeniň umumy zäherlenmesi bilen häsiýetlendirilýär.

Beze çişmesiniň kesel döredijisi *A* toparyndan bolan $\beta$ – gan dargadyjy streptokok bolup durýar. Kesel streptokokyň beýleki görnüşlerinden hem döräp bilýär. Beze çişmesiniň gaýrüzülmesinde kesel ýerinde başga ýokançlar, şol sanda stafilokok hem ýüze çykarylyp bilner.

Beze çişmesi bedeniň duýgurlygy peselen ýagdaýynda, şeýle hem umumy we ýerli ýokanja garşy gorag alamatlary peseleninde ýüze çykýar. Keseliň ýolukmagynyň sebäpleriniň arasynda beden sowuklamasyny, ruhy ýadawlygy, ruhy dartgynlyk ýagdaýlaryny, üznüksiz keselleriň we şol sanda deri keselleriniň hem ýiti-

leşmesini aýtmak bolar. Deriniň duýgurlygynyň we onuň ýokanja goragynyň uly ähmiýeti bar. Deri arassaçylygyna we onda streptokoklaryň sanyna hem köp zat baglydyr. Ýokanç deri boýunça, esasan hem, onuň şikeslerinde, jaýryjaklarynda we çişme kesellerinde düşýär.

**Keseliň görnüşi.** Ýüzde, köplenç, ilkinji beze cişmesi döreýär. Gizlin döwri birnäçe sagatdan 4-5 güne çenli dowam edýär. Kesel ýiti başlaýar we güýçli bildirip duran umumy alamatlar bilen geçýär. Käbir ýagdaýlarda ilkibaşda gowuşgynsyzlyk, gowşaklyk, kellagyry, bedeniň aram ýokary derejeli gyzgyny ýüze çykýar.

Başlanyndan 2-3 gün soňra keseliň umumy alamatlary artýar, bedeniň gyzgyny 38°C-den geçýär, üşütme, ýürek bulanma, gaýtarma, gan aýlanyşynyň we dem almasynyň bozulmasy ýüze çykýar. Aňy bulaşyp, samrama döräp biler.

Keseliň ýerli alamatlary umumy alamatlar bilen bir wagtda ýa-da kesel başlanyndan 2-3 gün soňra döreýärler. Ýüzde beze çişmesi, köplenç, burun, ýaňak töwereklerinde kebelek şekilinde (*91-nji surat*) ýerleşýär. Ondan soňra çişme hadysasy gabaklara, kelläniň saçly bölegine, boýna, gulaklara ýaýraýar. Käwagtlar kesel geçişini has-da agraldyp, aýratyn hem agyz boşlugynyň düýbüne, damaga, bokurdaga ýaýrap, agyz boşlugynyň nemli bardasyna geçip biler. Sebitleýin limfa düwünleriň agyryly gataňsylygy, ulalmaklary ýüze çykarylýar.



*91-nji surat.* Ýüzüň beze çişmesi

Bezäniň geçişini görnüşlere bölmekligiň esasyna ýerli alamatlar, deridäki üýtgemeler goýlan. Keseliň gyzarma, gyzarma-gabarçakly, gyzarma–gan inme we gabarçykly–gan inme görnüşleri, şeýle hem gaýrüzülmeler görnüşde çüýreme we flegmonoz görnüşleri bar. Beze çişme hadysasynyň ýerleşişiniň ölçeglerine baglylykda keseliň çäklenen, ýaýraň we daşgyn ýaýran görnüşleri bar. Çişme hadysa bedeniň kesele garşy umumy jogabynyň ýüze çykyşy boýunça ýeňil, orta agyrlyk we agyr görnüşleri, şeýle hem ilkinji, gaýtalanýan (birnäçe aýdan 1-2 ýyla çenli) we ikilenç (ilkinji beze çişmesinden 2 ýyl we ondan-da köp) görnüşleri bar.

**Kesel kesgitlemesi we tapawutlandyryş anyklamasy.** Bezäniň anyklamasy, adatça, aňsat bolup, keseliň aýdyň alamatlaryna esaslanýar. Gabarçak bolanynda keseliň kesgitlemesi kesel dörediji ýokançlaryň – streptokoklaryň ýüze çykarylmagy bilen tassyklanýar.

Bezäni äňýany abssesden, flegmonadan, aktinomikozdan, otbaşdan tapawutlandyrmak gerek.

**Bejergisi**. Bezäniň gyzarma görnüşiniň bejergisi sulfanilamidleriň, duýgurlygy ýokarlandyryjy serişdeleriň, witaminleriň bellenilmeginde jemlenendir. Rahatlyk, ultramelewşe şöhleleri görkezilen. Bezäniň beýleki görnüşlerinde ýokarda sanalanlardan başga-da, ýokanja garşy we toplumlaýyn çişmä garşy dermanlary belleýärler. Flegmonoz ýa-da çüýreme görnüşleriniň döremegi näsagyň ýaşyna, bile geçýän kesellerine baglylykda ýokarda aýdylan bejergilerden başga-da, goşmaça depginli derman bejergini bellemekligi talap edýär. Kesel haýal we uzak geçende umumy beden berkidiji we bedene ýardam beriji bejergini (gan guýmak, öz ganyny sançmak, immunitete mahsusy däl ýardam ediji dermanlar-metilurasil, pentoksil, prodigiozan we ş.m.) belleýärler.

Bezäniň gyzarma-gabarçykly, gabarçykly-gan inme, flegmonoz, çüýreme görnüşlerinde ýerli bejergi gabarçaklary, iriňli ojaklary kesip ýarmakda, zeperlenme kelläniň saçly ýerinde bolanynda çüýrän dokumalary kesip aýyrmakda jemlenendir. Zeperlenen ýerlere furasilin erginli, Lewomet-T melhemi bilen sargy goýýarlar.

Keseliň ýaýramagy beýni barda çişmesi, sepsis bilen gaýrüzülip biler. Beze çişmesi bedende glýukokortikoid ýetmezçiligine getirip biler. Gaýtalanýan beze çişmesinde ýüzde deriniň galňamagy we onuň «pile meňzeşligi» döreýär.

Beze çişmesi bolan näsaglary ýokanç keseller hassahanasyna ýerleşdirmek gerek ýa-da hirurgik stomatologik bölüminde başga näsaglara golaýlatmazdan, aýratyn otagda bejermek gerek.

**Beze çişmesinde keseliň çaklamasy** oňaýly. Emma uly ýaşly we gartaşan näsaglarda keseliň gaýrüzülmeleri onuň janyna howp salyp biler.

**Beze çişmesiniň öňüni alyş çärelerine** ýüzüň, agyz boşlugynyň ygtybarly arassaçylygy, diş kesel ojaklaryny sagdynlaşdyrmak, sowuk howanyň täsiriniň öňüni almak we ş.m. degişlidir.

## 6.15. SUWJARÝAN ÇÜÝREME (NOMA)

Suwjarýan çüýreme – bu ýüzüň, äňleriň we agyz boşlugynyň dokumalarynyň çalt ýaýraýan çygly çüýremesi bolan ýokançly keseldir.

**Sebäpleri we döreýşi.** Keseliň sebäpleri häzirki wagta çenli doly anyklanylmadyk ýagdaýynda galýar. Kesel dörän ýagdaýynda çüýrän ýerleriň düzüminde howasyz şertlerde köpelýän ýokançlary, fuzoburma şekilli ýokanç görnüşleri, şeýle hem agyz boşlugynyň adaty howasyz şertlerde köpelýän ýokançlarynyň dürli görnüşlerini ýüze çykarýarlar.

Suwjarýan çüýremäniň döreýşinde bedeniň goranyş ukybynyň peselmeginiň uly ähmiýeti bar. Kesel, köplenç, çagalarda döreýär. Ulularda 50 ýaşdan soňra, ýürek-damar ulgamynyň keselleri bolanynda ýüze çykýar. Suwjarýan çüýremäniň döremeginde agyz boşlugynyň päkizeliginiň berjaý edilmezliginiň, çüýrän dişleriň,

agyz boşlugynyň nemli bardasyna şikes ýetirýän döwük diş täçleriniň bolmagynyň ähmiýeti bar.

**Keseliň görnüşi.** Kesel assyrynlyk bilen gowuşgynsyzlyk, bedeniň aram ýokary gyzgyny bilen, kähalatlarda bolsa ýiti başlaýar. Bedeniň gyzgyny 38--40 °C-ä çenli ýokarlanýar, zäherlenmäniň dürli derejede bildirýän güýçli alamatlary ýüze çykarylýar.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynda, ýüzüň derisinde, dodaklaryň töwereginde çişme ojagy döreýär. Agzyň nemli bardasynda ol başa geçip gidýän gabarçak ýa--da gan inme menegi görnüşinde, ýüzüň derisinde bolsa garamtyl-gök reňkli deri bilen örtülen menek görnüşinde bolýar. Seýrek bolmadyk halatlarda kesel diş etiniň çüýreme-zeperlenme görnüşli çişmesinden başlanýar. Suwjarýan çüýreme keseliniň zeperlenmesiniň başlan ýerinden kesel gapdalyndaky dokumalara (uzynlygyna we çuňlugyna) ýaýrap başlaýar. Gyzarmasy bolmadyk, töwereginiň dokumalarynyň ýellenmesi bilen gurşalan dokumalaryň agyryly dykyz gataňsylygynyň giň ýeri emele gelýär. Onuň merkezinde deri deşilýär we dokumalaryň eremekligi bolup geçýär. Agyz boşlugynda bu hadysa diş etlerine ýaýraýar we dişler yrgyldap başlaýar. Soňra agyz boşlugynyň düýbüne we dile, ýokarky we aşaky äňlere geçýär. Ýüzüň derisinde kesel agyz töwereginden eňek, ýaňak, gözasty töwereklere ýaýraýar, äňasty we eňegasty üçburçluklara geçýär. Deriden ol dokumalaryň çuň içine, ýokarky we aşaky äňlere ýaýraýar. Çüýrän dokumalar ereýärler, olardan çüýrüntgi, maslyk ysy gelýär we dokumalaryň çuňlugyndan bulanyk suwuklyk çykýar. Zeperlenen dokumalar el bilen barlanylanda güýçli agyry (*92-nji surat*) ýüze çykarylýar.



*92-nji surat.* Ýüzüň ýarysynyň suwjarýan çüýremesi

Ýüzüň suwjarýan çüýreme keseli öýken çişme keseliniň döremegi, çüýrüntgi maddalar dem bilen öýkene düşeninde-öýken çüýremesi bilen gaýrüzülip biler. Suwjarýan çüýremäniň gitdigiçe beterleşýän geçişi sepsisiň döremegine getirip biler.

Suwjarýan çüýreme kesel zeperlenmesiniň ýerleşişi we onuň ýaýraňlylygy keseli geçireninden soň döreýän bertik gyşarmasyny we degişlilikde, kemtigiň häsiýetini, keşbiniň owadanlyk we işjeňlik bozulmalaryny kesgitleýärler.

**Kesel kesgitlemesi we deňeşdirme anyklamasy.** Kesel kesgitlemesini keseliň geçişiniň aýdyň görnüşi, ýokanç barlagynyň maglumatlarynyň, dokuma gurluş barlagynyň, immunitetiň görkezijileriniň esasynda goýýarlar.

Suwjarýan çüýreme keselini çüýreme-zeperlenme flegmonalardan, dargaýan howply çişden tapawutlandyrmak gerek. Flegmona dişleriň kökujy ojaklaryndan döreýär we öýjükli dokuma boşluklarynyň merkezinde ýerleşýär; hapgyrtma tüýkülik mäziň dokumalarynda döreýär, dokumalaryň çüýremegi çäklenen. Suwjarýan çüýremäniň we çişiň deňeşdirme anyklamasynda aýgytlaýjy ähmiýet dokuma gurluş barlagyna degişlidir.

**Bejergisi.** Bedeniň goranyş güýçlerini işjeňleşdirmeklige, zähersizlendirmeklige, synalaryň we ulgamlaryň kadaly işini saklap galmaklyga gönükdirilen bolmalydyr. Bejergide güýçli depginli bejeriş çärelerini belleýärler. Wena içre damjalaýyn derman serişdeleri (ýokanja garşy, duýgurlylygy ýokarlandyryjy, zähersizlendiriji, ýürek-damar, umumy beden berkidiji derman serişdeleri) goýberýärler. Gan ýa-da onuň ýerini tutýan serişdeleri guýýarlar.

Ýerli baş we çüýrän ýerleri zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwmak, zeperlenme ýeriniň dokumalaryny ýokanja garşy dermanlar, furasillin, fermentler garylan nowokainiň ýa-da trimekainiň 0,25–0,5%-li ergininiň 25-den 100 *ml-e* çenli göwrümi bilen sanjyp çykmak, ýokanja garşy dermanly, furan hataryndan bolan zyýansyzlandyryjy dermanlar, tripsin we ş.m. bilen sargylar görkezilen.

**Çaklama.** Suwjarýan çüýremäniň gitdigiçe beterleşýän geçişinde näsaglaryň jany üçin keseliň çaklamasy howatyrly bolup durýar. Çäklenen ojak görnüşdäki çüýreme emele geleninde keseliň çaklamasy oňaýlydyr, emma bertik sebäpli emele gelen keşp we işjeňlik bozulmalary soňra düzedilmäge degişlidir.

**Öňüni alyş.** Gowşak, ejizlän çagalarda umumy beden berkidiji bejergi çärelerini geçirmek gerek. Köplenç, suwjarýan çüýremäniň döremegine getirýän gan aýlanyş bozulmaly, ýiti ýokanç keselli näsaglarda, degişlilikde, degerli bejergi geçirmeli. Agyz boşlugynyň päkizeligini, onuň sagdynlygyny saklamak, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň şikesiniň öňüni almak gerek.

## 6.16. HÖREZEK (DIFTERIÝA)

Soňky ýyllarda hörezek bilen kesellemek örän seýrek ýüze çykarylýar. Agyz boşlugynyň we damagyň agyz böleginiň nemli bardasynyň ýokançlaryň girelgesi bolup durýanlygy sebäpli, stomatologlar keseliň geçiş alamatlaryny ilkinji bolup ýüze çykarmaly we kesel kesgitlemesini goýmaly bolýarlar. Şu sebäpli hem bu keseli anyklamagyň häzirki zaman usullaryny bilmek her bir lukman üçin wajypdyr.

Hörezek dem alyş ýollarynyň ýiti ýokanç keselidir.

Hörezek diňe ***Corinebakterium diptheriae*** urugyndan bolan, howaly şertlerde köpelýän özbaşdak görnüşli ýokançlara degişli bolan hörezek taýajyklarynyň zäher dörediji görnüşleri – Leffleriň taýajygy bilen döreýär. Hörezek taýajygy ýokary üýtgeýjilik ukyby bilen tapawutlanýar we üç sany tebigy görnüşlerde duş gelýär. Ýokanç köpeleninde daşyna bölünýän zäher çykarýar. Bu häsiýete baglylykda zäher dörediji we zäher döretmeýän görnüşleri bar.

Kesel howa-damja ýoly arkaly näsag bilen bolýan gatnaşykdan ýa-da ýokanç göteriji sagdyn adamlardan, seýrek halatlarda üçünji adamlardan, iýmitden we ş.m. geçýär. Keseliň döremegi köp babatda adamyň bu kesele bolan mahsusy immunitetiniň derejesi bilen kesgitlenilen we şol sebäpli hem kesel, köplenç, kesele garşy sanjym almadyklarda ýüze çykarylýar.

***Keseliň geçişi.*** Keseliň geçişiniň görnüşi bedeniň umumy zäherlenmesiniň güýçli bildirýän alamatlary bilen bilelikde döreýän agyz boşlugynyň we damagyň nemli bardasynda barda meňzeş ýokundy bilen örtülen çişme ýerleriniň («basyk» görnüşinde) döremegi bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň zäherli görnüşine ýüzüň we dodaklaryň ýellenmesi häsiýetli. Barda meňzeş örtgüler gopanyndan soňra seýrek bolmadyk ýagdaýlarda çüýrän ýerleri bolan başlar galýar.

**Anyklamasy.** Keseliň geçişiniň alamatlarynyň üsti ýokanç barlagy – hörezek taýajygynyň ekilip ýüze çykarylmagy we onuň zäher bölüp çykaryjylyk häsiýetiniň kesgitlenilmegi bilen ýetirilmelidir. Hörezegi merezýeliň ilkinji alamatlaryndan, AIW keseliniň alamatlar toplumyndan, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň wirus, kömelejik, bedeniň ýokary duýgurlyk häsiýetli ilkinji we ikilenç zeperlenme alamatlaryndan, leýkoplakiýadan tapawutlandyrmak gerek.

**Bejergisi.** Bejergini ýokanç keseller hassahanasynda geçirýärler. Keseliň alamatlar toplumy agyz boşlugynda döräninde owurtlap saklamak, hasany batyryp goýmak, çalmak görnüşinde ýerli agyrysyzlandyrmany, nemli bardanyň zyýansyzlandyryjy we ýokanja garşy arassaçylygyny geçirmek gerek.

**Keseliň öňüni alyş çärelerini** ýokanç kesellere garşy gulluk amala aşyrýar. Keseliň ýaýramagyna garşy gözegçilik çäreler toplumynda kesele garşy sanjym esasy zatdyr.

## 6.17. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ WE BOÝNUŇ ÇIŞME KESELLERINIŇ GAÝRÜZÜLMELERI

Äň-ýüz töwereginiň we boýnuň çişme keselleri mediastinitler, ýüz wenalarynyň tromboflebiti, gowakly sinusyň trombozy, sepsis, kelle-beýni abssesleri bilen gaýrüzülip bilýärler. Bu gaýrüzülmeler geçişiniň agyrlygy we seýrek bolmadyk oňaýsyz netijeleri bilen tapawutlanýarlar. Olarda ölüm derejesi 20-60%-e çenli ýetýär.

### 6.17. 1. Mediastinitler

Diş sebäpli mediastinitler bokurdakýany boşlugyň we agyz boşlugynyň düýbüniň flegmonasynda iriňiň boýnuň damarly-nerw dessejiginiň ugry boýunça, şeýle hem gyzylödekýany we kekirdegiň öň ýanynyň ýumşak ýag gatlaklary boýunça «akyp geçmegi» bilen ýaýramagy netijesinde emele gelýärler.

Diş sebäpli mediastinitler örän çalt döräp, agyz boşlugynyň düýbüniň we boýnuň flegmonalary bilen bir wagtda geçip bilýärler. Şol sebäpli-de olaryň anyklanylmagy aňsat däl. Başlangyç iriňli ojagyň ýarylanlygyna we oňat iriň çykaryjy turbajyklaryň

goýlandygyna, degerli bejergi, şol sanda çişmä garşy, ýokanja we zäherlenmä garşy bejergi geçirilýänligine garamazdan, näsaglaryň umumy ýagdaýy has-da erbetleşse, mediastinitiň barlygyna müňkürlik döremelidir. Bedeniň gyzgyny 39-40°C-ä çenli ýokarlanýar we seýrek bolmadyk ýagdaýlar-da üşütme ýüze çykýar. Damar urgusy 1 *min* 110-140-a ýetýär, pes dolujylykly we dartgynly, sazlaşyksyz bolýar. Güýçli demgysma, ýüzleý dem alyş döreýär, dem alyş hereketleriň sany 1 *min* 45-50-ä çenli ýetýär. Ýiti iriňli mediastinitde esasy alamatlaryň biri döş süňküniň aňyrsyndaky ýa-da döş kapasasynyň çuňňur içindäki agyry bolup durýar. Kelläni arkan atmak döş süňküniň aňyrsyndaky agyrylary güýçlendirýär (Gerke alamaty). Şeýle hem agyrylar çuňňur dem alnanda, iýmit ýuwutjak bolnanda güýçlenip bilerler. Häsiýetli bolan hemişelik üsgülewük näsaglaryň ýagdaýyny erbetleşdirýär. Dem alan wagtynda boýuntyryk çöketliginiň töwereginiň dokumalary (Rawiç-Şerbo alamaty) çekilýär. Mediastinitde näsaglaryň hal-ýagdaýy mejbury bolýar. Näsag kellesini sallap oturýar ýa-da gapdala, egniniň üstüne gyşardýar, aýaklaryny garnyna getirip we eňegini döşüne golaý getirip ýatýar. Ganynda ak gan öýjükleriniň has güýçli köpelmegi, ak gan öýjük görnüşleriniň çep tarapa has güýçli süýşmegi, *EÇT*-niň has ýokarlanmagy ýüze çykarylýar.

Mediastenitde wajyp anyklaýyş usul döş kapasasynyň 3 ugur boýunça: öň-yz, gapdal we gytak ugurlar boýunça alnan rentgen suratlary bolup durýar. Rentgen suratynda gursagaranyň kölegesiniň giňelmegi, plewra boşluklara suwuklyk inmegi ýüze çykarylýar.

Diş sebäpli iriňli mediastinitiň bejergisiniň netijeleri köp babatda keseliň ir anyklanylmagyna we onuň bilen baglanyşyklylykda öz wagtynda başlanan we özünde mediastinotomiýany, güýçli we yzygiderli ýokanja hem-de zäherlenmä garşy çäreleri jemleýän toplumlaýyn bejergä bagly bolup durýar. Mediastenitde amaly kesel kesgitlemesi goýulmagynyň yzysüre (*93-nji a, b suratlar*) geçirýärler. Mediastinotomiýa we näsagyň soňraky gözegçiligi döş-kapasa hirurgiýasy boýunça hünärmen tarapyndan hirurg-stomatologyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar.



*a)* *b)*

*93-nji a, b suratlar.* Boýun boýunça mediastinotomiýa:
*a* – deri kesimi we gursagara boşluga barlyşy; *b* – çişme hadysanyň suwuklygy akyp çykar ýaly ýaranyň içine gapdallary deşikli turbajyk salnan

### 6.17. 2. Ýüz wenalarynyň tromboflebiti.
### Gowakly (kawernoz) sinusyň trombozy

**Ýüz wenalarynyň tromboflebiti** (gan lagtaly çişmesi) burç ýa-da ýüz wenanyň ugry boýunça ýokançlanan dokumanyň agyryly «çekilip» duran ýerleriniň döremegi, deriniň gögümtil öwüsýän gyzarmasy, ýellenmäniň gataňsylygyň çäklerinden has daşgyn ýaýramagy bilen häsiýetlendirilýär. Derasty wenalar giňeýär we daş-töwerege ýaýraýar. Ýüzüniň wenasynyň tromboflebiti bolan näsaglarda bedeniň has bildirip duran zäherlenmesi, ýokary gyzgynlylyk, üşütme, umumy gowşaklyk, ganyň ak öýjük görnüşleriniň çepe süýşmegi bilen has köpelmegi, ýokary *EÇT* ýüze çykýar. Keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykanynda yzygiderli ýokanja garşy derman bejergi (giň täsiri bolan ýokanja garşy, sulfanilamid, immunitete ýardam ediji dermanlar) belleýärler, zähersizlendirme we ýokary duýgurlylygy peseldiji bejergi geçirýärler.

Ganyň turşulygy artanynda turşy-aşgar gatnaşygyny kadalaşdyrmagy 1-2 günden 200-400 *ml* natriý gidrokarbonatynyň 2-4%-li erginini guýmak bilen geçirýärler. Ganyň damar içre lagtalanmasynyň öňüni almak üçin göni täsirli lagtalanma garşy dermanlary her 4-6 sagatdan 5000 *MB* (mukdar birligi) geparin belleýärler. Gan lagtasy bilen dykylan wenalar, gataňsylyklar iriňlän ýagdaýynda iriňli ojaklaryň oňat iriň akmagyny üpjün etmek bilen amal bejergisi geçirilýär.

Ýüzüň wenalarynyň tromboflebitiniň kelleçanak içre gaýrüzülmelerine degişli edilýän has agyr gaýrüzülme – **gowakly (*kawernoz*) sinusyň trombozydyr** (gan lagtaly bitigi). Bu keselde trombozyň sähelçe alamatlaryndan başlap, sinusyň iriňli eremegine çenli dürli derejedäki zeperlenme bolup bilýänligi sebäpli keselde ýüze çykýan alamatlar biri-birine hemişe meňzeş däldirler. Näsaglarda güýçli kellagyry, göz töwereklerindäki güýçli agyry, umumy gowşaklyk, üşütme döreýär. Bedeniň gyzgyny 38-40°C-ä ýetýär. Keseliň ýerli alamatlaryndan gabaklaryň we maňlaýyň derisiniň ýellenmesi we gyzarmasy, göz hanasynyň ýumşak dokumalaryň gataňsylygy, petre gözlülik, gözüň we gabaklaryň nemli bardasynyň bulanyklygy, göz ysmazy, görejiň giňemegi we gözüň düýbüniň gyzarmasy ýüze çykarylýar. Görkezilen alamatlar çişme ojagyň garşy tarapynda-da döräp hem-de beterleşip bilerler. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýeňse muskullarynyň dartgynlygy döreýär. Çet ýer ganda ak öýjükleriň sany 15-20x$10^{9/l}$-e ýetýär, *EÇT* 40-60 *mm/sag-da* çenli artýar. Emma görkezilen alamatlar hemişe bildirip durmaýarlar, esasan hem, gaýrüzülmäniň başlangyç döwründe.

Ýüz wenalarynyň we beýni sinuslarynyň trombozynyň anyklamasy olaryň başlangyç çişme keseliniň ýüze çykýan alamatlary bilen bilelikde döreýändikleri sebäpli, bellibir kynçylyklar döredýär.

Kelleçanak içre gaýrüzülmä müňkürlik döräninde maslahat üçin gyssagly newropatology, göz we gulak-burun-bokurdak lukmanyny çagyrmak gerek. Masla-

hatlar arkaly, ýakyn hünärmenleriň gaýtadan geçiren barlaglary netijesinde diňe bir dogry kesel kesgitlemesi goýulman, eýsem, toplumlaýyn bejerginiň ygtybarly ugry hem kesgitlenilýär, keseliň netijesi çaklanylýar, bu çäreler näsaglary keselinden doly sagaltmaga kömek berýär. Gowakly sinusyň trombozy bolan näsaglary bejermegi keseliň ýaýran derejesini nazara alyp, ýüzüniň wenalarynyň gan tromboflebiti bolan näsaglaryň bejeriliş usullary we ugurlary boýunça amala aşyrýarlar. Ýokanja garşy bejergi bilen bir hatarda beden ýokary duýgurlylygyna we zäherlenmesine garşy, bedenden artykmaç suwuklyk çykarmak boýunça, gormon derman we lagtalanma garşy derman bejergi geçirilýär.

### 6.17. 3. Kelleçanak içre gaýrüzülmeler

Äň-ýüz töwereginiň çişme kesellerinde döreýän gowakly sinusyň trombozyndan başga-da, kelleçanak içre gaýrüzülmelere, köplenç, ýüzüň wenalarynyň tromboflebitiniň soňraky agyrlaşmasy bolan iriňli meningit çişmesi, meningoensefalit, beýni abssesi degişlidir.

Ýüzüniň we boýnunyň ýaýraň flegmonasy bolan näsaglarda aňynyň bozulmasy bilen ýüze cykýan **merkezi nerw ulgamynyň zäherli zeperlenmesi** döräp biler. Ýokançlaryň zäherleri, iriňli çişme keselde dokumalaryň dargama önümleri bilen zäherlenmekligi bedeniň ýaşaýyş üçin örän wajyp synalarynda we ulgamlarynda gurluş we işjeňlik zeperlenmelerini döredýärler. Kesel örän agyr geçen ýagdaýynda näsagyň düşnüksiz, lagyr-lagyr geplemegi, ýer we wagt boýunça ugurtapyjylygyň ýoklugy, samramagy, duýdansyz buşukmagy we täret etmegi döreýär. Ýokançly-zäherli aň bozulmasy bolan näsaglary depginli bejergi bölümlerinde bejermek maksadalaýykdyr.

## 6.18. ADAM IMMUNÝETMEZÇILIK WIRUS KESELI

Adam immun ýetmezçilik wirus keseli (*AIW* keseli) adamyň ýokanç keseli bolup, immun ýetmezçiliginiň döremegi we soňraky güýçli, dürli görnüşli ýokanç keselleriň ýüze çykmagy bilen häsiýetlendirilýär. *AIW* keseli özbaşdak görnüşde bolman, alamatlar toplumy bolup durýar. *AIW* keseliniň käbir alamatlary äň-ýüz töwereginde ýüze çykýar. *AIW* keseli ilkinji gezek «alnan immun defisit sindromy» (*AIDS*) at bilen ylmy taýdan ýazylan. *AIDS* barada ilkinji maglumatlar 1981-nji ýylda, haçanda kesel gözegçiligi boýunça Amerikan Federal Merkezi (*ABŞ*) tarapyndan, esasan, beçebazlarda bolýan kesel barada käbir habarlar çap edileninden soňra alyndy. Häzirki wagtda *AIW* keseli we bu keseli ýöne bir göteriji bolan adamlaryň sany gitdigiçe artýar. Karib deňziniň çäklerindäki, Afrikadaky döwletlerde, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda köp duş gelýär hem-de şol bir wagtda saglygy goraýyş üçin bu kesel uly mesele bolup durýar.

**Sebäpleri.** AIW keseli retrowiruslara degişli bolan adamyň immun ýetmezçilik wirusy tarapyndan döredilýär. Wirus adam bedenini ýokanç kesel dörediji täsirlerden

goramakda wajyp işi berjaý edýän, esasan, ganyň ak öýjüklerini (T-kömekçi öýjükleri), monosit-makrofaglary we nerw öýjükleri zeperleýär. Ol adam bedeniniň esasy gorag öýjüklerini ýok etmek bilen, immun ýetmezçiligiň we dürli kesel görnüşleriniň, ýokanç keselleriň, howply çişleriň we ş.m. döremegine ýardam berýär.

**Keseliň döreýşi.** *AIW* keseli, esasan, jynsy ýol bilen ýaýraýar. Dürli jynsy gatnaşyklar onuň ýaýramagyna itergi berýär. Şeýle hem *AIW* keseliniň keselli eneden çagasyna geçýänligi (meselem, emdirilende süýt bilen) bellidir. Mundan başga-da, ol ýokançly gany wena içre goýberilen halatynda geçip biler. Sanjawaçlaryň zyýansyzlandyrylmagynyň kadalarynyň bozulmagy bilen neşekeşleriň arasynda bu keseliň köp ýaýranlygy şunuň bilen düşündirilýär. Keseliň ýokmagyndan keseliň ilkinji alamatlarynyň ýüze çykmak döwri birnäçe hepdeden 6 aýa, hatda 4--5 ýyla çenli bolup biler. *AIW* keselinden soňra, adam bedeninde kesele garşy maddalar döreýär. Käbir ýagdaýlarda olar wiruslary zyýansyzlandyryp bilýärler, başga ýagdaýlarda beýle bolmaýar. Wirus ganda, peşewde, dölde, tüýkülikde we ş.m. saklanýar. Wirus adam bedenine düşeninden soňra *AIW* keselini hemişe döretmeýär. Wirus göterijilerde keseliň alamatlary döreýär ýa-da keseliň kiçi alamatlary (*AIW* keseli bilen baglanyşykly keseller) ýüze çykýarlar.

*AIW* keseliniň döremeginde zyýanly endikleriň (neşekeşlik), uçugyň wiruslarynyň, sitomegalawiruslaryň, B gepatitiň we jynsy gatnaşyklarda geçýän birnäçe kesellere degişli bolan başga sebäpleriň hem täsiri bar.

**Keseliň görnüşi.** W. I. Pokrowskiý tarapyndan teklip edilen kesel bölünişigi boýunça *AIW* keseliniň dört döwri bar: I wirusyň köpeliş döwri, ýokuşmagyndan keseliň alamatlarynyň ýüze çykmagyna we bedende kesele garşy maddalaryň döremegine çenli; II başlangyç alamatlarynyň ýüze çykýan döwri – ýiti ýokanç keseliň, alamatsyz keseliň tutuş bedene ýaýran limfa düwünleriň keseliniň döremegi görnüşinde; III ikilenç alamatlaryň ýüze çykýan döwri; IV iň soňky döwri.

Stomatologiýa işinde *AIW* keseliniň agyz boşlugyndaky häsiýetli bolan alamatlaryna üns bermek gerek. Keseliň umumy alamatlary bilen bir hatarda, onuň agyz boşlugyndaky alamatlaryna – agyz köpüklemegine (kandidomikoz), çiş kesellere, dişýany dokumalardaky üýtgeşmelere, nemli bardanyň çişme kesellerine we agyz guraklygyna üns bermeli. Şol sanda limfa düwnüniň keseli, ýüz we boýun limfa düwünleriniň ulalmagy bilen ýüze çykýar. Olaryň ulalmagynyň sebäplerini ýüzde we agyz boşlugynda ýüze çykarmak başartmaýar. Keseli merezýelden, inçekeselden, ýokanç mononukleozdan tapawutlandyrmak gerek.

Agyz köpüklemegi (kandidomikozy) – immun ýetmezçiliginiň agyz boşlugynda ýüze çykýan alamatlarynyň seýrek däl görnüşidir. Köplenç, ol aşgazan-içege ýollaryndaky şonuň ýaly ýüze çykma alamatlary bilen bilelikde gabat gelýär. Agyz boşlugynyň köpüklemegi kömelejikler tarapyndan döredilip, bardaly-başly köpükleme, gyzarma, dokuma örgünli görnüşinde ýüze çykyp biler. Agyz boşlugynyň häsiýetli bolan kömelejik zeperlenmelerini ýokanja garşy derman bejergide döräp bilýän şonuň ýaly zeperlenmelerden tapawutlandyrmak gerek.

Agyz boşlugyndaky ýokançly keselleriň alamatlary *AIW* keselinde, şeýle hem özbaşdak görnüşinde bolup biler we dişetiniň çüýreme çişmesi, tutuş ýaýran dişýany dokuma çişmesi, nemli bardanyň inçekesel başlarynyň we ş.m. döremegi bilen ýüze çykyp biler.

Agyz boşlugyndaky kesel dörediji wiruslar güýçli, dürli görnüşli ýokanç keseller hökmünde bolup, agyz uçuklamasy (gerpesi), tüýli leýkoplakiýa, agyz «demrewi», agyz nemli bardasynyň emzijek şekilli örgünleri, sitomegalowirus örgünleri we agyz guraklygy (kserostomiýa) görnüşinde ýüze çykýar.

Şeýle hem gaýtalanýan başjagazly nemli barda çişmesi, näbelli döreýişli köpsanly garamtyl-gyzyl gan ingilere, uly şekilsiz agyz gan öýmesine we ähli tüýkülik mäzleriniň ulalmagy ýaly agyz boşlugynyň üýtgemelerine üns bermeli.

Stomatologiýada çiş keselleriň arasynda gitdigiçe beterleşýän Kopoşiniň sarkomasyny we agyz boşlugynyň ýasy öýjükli kanseri belläp geçýärler.

**Kesel kesgitlemesi**. Diş lukmany tarapyndan *AIW* keseliniň alamatlaryny we alamatlar toplumyny ýüze çykarmak oňa beýleki hünärmenlerden öň, ilkinji bolup kesel kesgitleme goýmaga we näsagy barlaga ugratmaga, şeýle hem diş bejeriş bölüminde yzygiderli gözegçilige almaga ýol berýär. Ganyň serologik barlagy we *AIW* keselini ýüze çykarmak ýöriteleşdirilen bejergi edarasynda amala aşyrylýar.

**Keseliň bejergisi**. Kesel bejergisi barlagyň netijelerine bagly immun ulgamyna ýardam bermeklige, ulgamlaýyn keselleri we çişleri bejermeklige gönükdirilmelidir. *AIW* keseli bolan näsaglara goldaw beriş bejergisi olaryň ömrüni uzaltmaga goltgy berýär. *AIW* keseli ýokuşanlarda keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykanda olaryň öňüni almaga kömek berýär.

**Keseliň öňüni alyş çäreleri**. Özünde *AIW* keseliniň alamatlar toplumy bar bolan näsaglaryň yzygiderli gözegçilikde saklanylmagy, sagdyn ýaşaýyş durmuşyny wagyz etmek, näsaglaryň we saglygy goraýyş işgärleriniň arassaçylyk-gorag çärelerini geçirip durmaklary (hirurgyň elini arassa saklamagy, elliklerde, gorag äýneklerde we agyz-burun gorag nikabynda işlemek, gurallaryň zyýansyzlandyrylmagy, bir gezeklik sanjawaçlary we iňňeleri ulanmak) diş bejeriş edaralarynda hökman bolmalydyr.

Hirurgik stomatologiýada barlag we bejeriş çäreleri geçirilýän wagty kesel ýaýramazlygy boýunça talaplar berjaý edilmelidir, *AIW* keseliniň ýaýraýan ýollary göz öňünde tutulmalydyr.

*AIW* keseli ýokan näsaglar bilen işlenilende, iki gat ellik geýmek gerek. Ulanylan gurallar bilen lukmançylyk işgärleriniň elleriniň şikeslenmeginiň öňüni almalydyr. Amaldan soňra hemme sargy we beýleki zatlar, gurallar metal gaba ýygnalmalydyr we ýok edilmelidir.

Saglygy goraýyş işgärleri barlag we bejergi gözegçiligini geçmelidir. Barlag we bejeriş çärelerine, amallara deri, wirus ýa-da ýokanç keselleri bolmadyk adamlar goýberilýär. *AIW* keseli ýokan näsaglar bilen işläninde, saglygy goraýyş işgärleri bu barada habarly edilmelidir we olar ähli kesel öňüni alyş çärelerini berjaý etmelidirler.

# VII BAP TÜÝKÜLIK MÄZLERINIŇ ŞIKESLERI, KESELLERI WE ZEPERLENMELERI

Tüýkülik mäzleri iýmit siňdiriş ulgamyna degişlidir. Olar birnäçe işjeňligi (suwuklyk bölüp çykarmak, alyş-çalyş hadysa maddalaryny çykarmak we ş.m.) berjaý edýärler we bedeniň ýagdaýyna uly täsir edýärler.

Tüýkülik mäzlerinde dürli häsiýetli zeperlenme hadysalary, keseller: reaktiw-distrofiýa keselleri (sialozlar); çişme keseller (sialoadenitler) (olaryň arasynda tüýkülik-daşly sialadenitler-sialolitiazis, aýratyn topary tutýar); akabanyň, özeniniň zeperlenmeleri we onuň netijeleri; tüýkülik mäzleriniň çişleri duş gelýärler. Doga ösüş nädogrulygy seýrek duş gelýär. Tüýkülik mäzleriň şikeslerine deşikler, akabanyň daralmagy we bitmegi degişlidir.

## 7.1. TÜÝKÜLIK MÄZLERINIŇ ŞIKESLERI

Tüýkülik mäzleriniň zeperlenmeleri seýrek duş gelýär. Olar, köplenç, durmuşy we ok degen şikesler we ýaralanmalar, şeýle hem äň-ýüz töwereginde we agyz boşlugynda geçirilýän amallar bilen baglanyşyklydyr.

Stomatologik amaly işde, esasan, diş lukmanlary dişleri we olaryň aralaryny gyryjy gurallar bilen işlänlerinde uly tüýkülik mäzleriniň esasy çykaryjy akabasynyň we dilasty mäziň dokumalarynyň zeperlenmelerine duş gelýärler.

Tüýkülik mäzleriniň zeperlenmeleriniň ýüze çykýan alamatlarynyň görnüşleri dürli bolýar we ol şikes ýetirijiniň häsiýetine, mäzdäki şikes ýeten ýerine (akaba, mäziň özeni) hem-de şikes ýeten mäze (gulakýany, äňasty, dilasty) bagly bolup durýar.

### 7.1.1. Tüýkülik mäzleriniň deşikleri

Şikes ýüzde we agyz boşlugynda geçirilen amallar (gulakýany tüýkülik mäzi kesip aýyrmak, kiçi aşaky äňiň kosteçka boýunça osteotomiýasy, ýaňak, gulakýany we äňyzy töwerekleriň flegmonalaryny kesip ýarmak) netijesinde emele gelýär. Köplenç ýagdaýda, gulakýany tüýkülik mäzi şikeslenýär. Tüýkülik deşiginiň ýerleşýän ýerine baglylykda, olar mäziň özeninden ýa-da akabasyndan gaýdyp biler. Ok degen ýaralanmalarda, köplenç (75%), mäziň özeni zeperlenýär. Bu ýagdaýda dörän deşikler nokat görnüşli ýaradan köp bolmadyk mukdarda tüýkülik çykmagy bilen kesgitlenýär. Mundan başga-da, durnukly tüýkülik deşikleri esasy ýa-da uly akabalar zeperleneninde emele gelýär hem-de doly we doly däl görnüşli bolýar. Nahar iýmek bilen baglanyşykly deşikden tüýkülik çykyp durýar, tüýkülik deşiginiň töwereginiň derisi (*94-nji a, b, ç suratlar*) ezilip zaýalanýar.




*94-nji a, b, ç suratlar.* Tüýkülik deşikleriniň görnüşleri:
*A* – doly deşikler; *B* – doly däl deşikler; *a* – gulakýany mäziň esasy akabasynyň tüýkülik deşikleri;
*b* – I derejeli akabanyň deşikleri; *ç* – II derejeli akabanyň deşikleri

Tüýkülik deşiklerini we mäzleri rentgen görkeziji serişde bilen alnan surat, dürtgüç, reňkli erginler goýbermek arkaly barlaýarlar. Tüýkülik deşiginiň dolulygyny ýa-da doly däldigini, onuň mäz bilen gatnaşygyny anyklaýarlar.

**Bejergisi.** Mäziň özeninde emele gelen täze tüýkülik deşiklerini, şeýle hem akabalaryň doly däl tüýkülik deşiklerini amalsyz bejerýärler: naharyň 30 *min* öňünden atropiniň sulfatynyň 1%-li ergininiň ýa-da itüzüm demlemesiniň 6-8 damjasyny belleýärler we elektroköýdürme geçirýärler ýa-da ýod ergininiň birnäçe damjasyny akaba goýberýärler. Deşikden tüýkülik akmagyny rentgen şöhle bilen hem togtadýarlar, bu ýagdaýda tüýkülik mäziň tutuş tüýkülik bölüp çykaryjylyk ukyby togtaýar.

Adaty bejerginiň netijesizligi amal geçirmeklige görkezme bolup durýar. Esasy akabanyň we mäziň özeniniň doly däl deşiklerini ol ýerden tüýkülik çykmagyny ýapmak netijesinde togtatmak bilen bejerýärler. Sapožkowyň usulynda deşigiň gyralary kesilip aýrylanyndan soň mäziň bardasyna büzmek görnüşde tikin goýýarlar, soňra bolsa derini tikýärler. Munuň ýaly ýagdaýlarda Limberg boýunça üçburç kesim bölekleriniň ýerlerini garşylyklaýyn çalyşmak, doly däl tüýkülik deşigi burow boýunça üçburçluk şekilde kesip aýyrmak amallary (*95-nji surat*) oňat netijeleri berýär.



*95-nji surat.* Doly däl tüýkülik deşigini Burow boýunça üçburçluk şekilde kesip aýyrmak amaly

Amaldan soňky döwürde mäziň tüýkülik çykaryjylygyny wagtlaýyn peseltmek üçin atropin ýa-da rentgen bejergi bellenilýär.

Esasy akabanyň doly tüýkülik deşigini akabanyň çetki bölegini bertikli dokumalardan boşatmak we ony Wasilýew boýunça tutuş ýaňakdan geçirip, ýaňagyň nemli bardasynyň kesim bölegi bilen birleşdirip, agyz boşlugyna çykarmak bilen (*96-njy a, b, ç, d suratlar*) bejerýärler. Şeýle hem tüýkülik akmagyny agyz boşlugy tarapyndan akabanyň çetki bölegine girizilen polietilen turbajyk bilen dikeldýärler.



*a)* *b)* *ç)* *d)*

*96-njy a, b, ç, d suratlar.*

Gulakýany tüýkülik mäziň esasy akabasynyň Wasilýew boýunça dikeldilişi:
*a* – gulakýany tüýkülik mäziň akabasynyň çetki bölegi bertikli dokumalardan bölünip aýrylan; *b* – ýaňagyň iç ýüzünde dil şekilli kesim bölegi döredilen; *ç* – nemli bardadaky kesim bölegi tutuş ýaňak boýunça geçirilen we akabanyň çetine tikilen; *d* – ýaňagyň nemli bardasyndaky ýara tikin goýlan

### 7.1.2. Tüýkülik akabasynyň daralmagy

Gulakýany ýa-da äňasty mäzleriň akabalarynyň bertikli daralmalarynda näsaglar nahar iýilýän wagty tüýkülik mäziniň töweregindäki ýellenmä, sypyryp barýan agyra arz edýärler. Bu arzlar haýal (1-2 *sag*-dyň dowamynda) ýa-da

kähalatlarda tiz (birnäçe min) aýrylýar. Bu alamatlar naharlanylýan wagty köp mukdarda emele gelýän tüýküligiň akabanyň daralan ýerinden akyp çykmagynyň saklanylmagy bilen baglanyşykly. Daralma näçe köp bolsa, mäziň ýellenmesi we agyrysy hem uzak saklanýar. Gözden geçirilende degişli tüýkülik mäziň töwereginde nahardan birnäçe wagtdan soňra aýrylýan goýulýan ýumşak dykyzlykly agyrysyz gataňsylygy kesgitlemek bolýar. Eger-de kesel birnäçe ýyl dowam edýän bolsa, onda tüýkülik mäzi birneme dykyzlaşýar we ol el barlagynda hemişe ýüze çykarylyp bilner.

Rentgen görkeziji serişde bilen alnan suratda çykaryjy akabanyň cetki bölegi daralma çenli üýtgewsiz bolýar, daralmadan aňryk bolsa giňän görnüşde bolýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda I we II derejeli akabalar hem giňän bolýar.

### 7.1.3. Tüýkülik akabasynyň bitmegi

Şikes netijesinde tüýkülik mäziniň akabasynyň biten ýagdaýynda näsag ilkibaşda nahar wagty tüýkülik mäziniň töwereginde döreýän kesip barýan agyra arz edýär. Munda mäz ulalýar, dartgynly we gaty bolýar. 3-4 sagat soňra, kähalatlarda ondan hem köp wagt geçeninden soňra, agyry biraz gowşaýar. 1-3 aýdan soňra agyrynyň güýji peselýär, nahar wagty mäziň ulalýanlygy az bildirýär. El barlagynda mäz biraz ulalan we dykyzlaşan bolýar. Akabanyň deşigi gözden geçirilende, şeýle hem mäz owkalanan ýagdaýlarynda-da tüýkülik çykmaýar. Näsagyň ýagdaýynyň soňraky gözegçilikleri tüýkülik mäziniň bölüp çykaryjylyk ukybynyň doly togtaýanlygyny ýüze çykarmaga ýol berýär.

**Bejergileri.** Tüýkülik mäzleriniň akabalarynýň daralmagynda we bitmeginde dürli ölçeglerdäki guýguç şekilli ýörite dürtgüçler bilen giňeltmek görkezilen, emma ol peýda bermedik ýagdaýynda hirurgik amal usuly bilen düzetmek görkezilen.

## 7.2. TÜÝKÜLIK MÄZLERINIŇ REAKTIW–DISTROFIÝA KESELLERI

Tüýkülik mäzleriniň distrofiýa üýtgemeleri birnäçe kesel ýagdaýlary görnüşinde ýüze çykýarlar: akdyryp çykaryjylyk we suwuklyk bölüp çykaryjylyk işjeňlikleriniň bozulmagy, tüýkülik mäzleriniň ölçegleriniň ulalmagy.

Tüýkülik mäzleriniň reaktiw keselleri hemişe başga synalaryň zeperlenmegi bilen duş gelýär. Bu keseller Mikuliçiň we Gužeriň–Şegreniň keseli ýa-da alamatlar toplumy görnüşinde ýazylandyr.

### 7.2.1. Agyz suwlanmasy

Bu keselde tüýkülik mäzleriniň suwuklyk bölüp çykaryjylygynyň ýokarlanmagy bolup geçýär we bu ýagdaý dürli keseller bilen baglanyşykly bolýar. Mysal üçin, bu ýagdaý agzyň nemli barda çişmesinde, diş sebäpli çişme kesellerde, aşgazanyň we on iki

barmak içegäniň baş kesellerinde, gurçukly kesellerde, gurşun, simap bilen zäherlenilende, göwrelilik zäherlenmesinde duş gelýär. Parasimpatik, çet ýer we merkezi nerw ulgamynyň keselleri-de agyz suwlanmagyna getirýär we ol gyjynma jogap duýujylygy görnüşinde ýüze çykýar; aýallara garanyňda erkeklerde ýygy duş gelýär.

### 7.2.2. Agyz guramasy

Kesel tüýküligiň az bölüp çykarylmagy bilen häsiýetlendirilýär, adatça, köp duş gelýär we agyz boşlugynyň guramagyna getirýär. Tüýküligiň az bölünip çykmagy wagtlaýyn alamat görnüşde ýiti ýokanç kesellerde: ganly içgeçmede, garyn garahassalygynda, sarygetirmede döreýär. Iýmit siňdiriş ulgamynyň käbir kesellerinde: aşgazanyň nemli bardasynyň üznüksiz çişmesinde, bagyr-öt halta çişme keselinde ýüze çykarylýar. Suwuklyk bölüp çykaryjylyk käbir içki mäz bozulmalarynda: gipotireoz, gipogonadizm, kadaly jyns mäz işjeňliginiň peselmesinde, witamin ýetmezçiliginde, ganazlykda, nerw ulgamynyň kesellerinde hem peselýär.

### 7.2.3. Mikuliçiň keseli we alamatlar toplumy

Hemme tüýkülik we ýaş mäzleriniň bilelikde ulalmagyna Mikuliçiň alamatlar toplumy diýip at berilýär.

**Sebäpleri we döreýşi häzirki wagta cenli näbelli.** Beýni madda çalşygyny, içki mäzleri we autoimmun bozulmalaryny keseliň bolup biläýjek sebäbi diýip hasap edýärler. Mäzleriň ölçegleriniň ulalmagy kiçi öýjükli özen birleşdiriji dokumanyň tutuşlaýyn ösüp ýaýramagy netijesinde döreýär. Ol leýkozda, limfogranulematozda, inçekeselde, merezýelde, içki mäz bozulmalarda ýüze çykýar.

**Keseliň görnüşi.** Kesel hemme tüýkülik mäzleriniň ulalmalary bilen häsiýetlendirilýär. Olar dykyz, agyrysyz, olary örtýän deriniň reňki üýtgemedik. Ulalan ýerleriň ýerleşişleri her bir tüýkülik mäzine: gulakýany, äňasty, dilasty we agyz boşlugynyň nemli bardasyna (*97-nji surat*) mahsusdyr.

Rentgen görkeziji serişde bilen alnan suratda diňe adaty däl uly ölçegli mäzi görmek bolýar. Akabalaryň gurluşynda we özeniniň kölegesinde kadaly gurluşdaky mäzden başga haýsydyr bir üýtgeme ýüze çykarylmaýar. Kesel beterleşdigiçe özeniniň kölegesiniň takyksyzlygy döreýär. Akabalar örän inçejik, endigan şekilli bolýar. Görkezilen alamatlar gitdigiçe beterleşýär we haçanda bolsa mäziň kölegesi çet ýerler boýunça kesgitlenilmeýän derejä çenli baryp ýetýär.

Limfa ulgamynyň tutuşlaýyn zeperlenmesinde Mikuliçiň alamatlar toplumy limfa ulgamynyň çişe dönmegi bilen ýüze çykýar.



*97-nji surat.*
Mikuliçiň alamatlar toplumy

**Bejergisi.** *Bejergisi* uly kynçylyklary döredýär. Oňat netijeleri rentgen şöhle bejergisi berýär, emma gazanylan bejergi netijesi durnukly däl. Nowokainiň gabaw sanjymlaryny geçirmek, galantamini ulanmak dokumalaryň alyş-çalşygyny gowulandyrýar we mäzleriň suwuklyk bölüp çykaryjylyk işjeňligine itergi berýär. Mäzlerde üznüksiz çişme dörän ýagdaýynda çişmä garşy bejergi: mäzleriň akabalaryna bakteriofag, ýokanja garşy derman goýbermek; daşyndan – dimeksid bilen ýapgylar we ş.m. geçirmek gerek. Şeýle hem bejergi çäreleriň toplumyna bedeniň mahsusy däl goranyş ukybyny ýokarlandyrýan dermanlary: witaminleri, immun ýardamçy dermanlary, natriý nukleinatyny we ş.m. goşmak gerek. Mundan başga-da, bejergi geçirilende böwrek üsti mäziň gabygynyň gormon dermanlary hem ulanylýar.

### 7.2.4. Gužeriň–Şegreniň keseli we alamatlar toplumy

Kesel daşky suwuklyk bölüp çykaryjy mäzleriň – tüýkülik, ýaş, der, ýag, nem we ş.m. utgaşykly ýetmezçiliginiň alamatlary bilen häsiýetlendirilýär.

**Keseliň sebäbi we döreýşi az öwrenilen**. Bu keseliň döremegine ýokançlara, içki mäz bozulmalaryna, özbaşdak nerw ulgamynyň we immun durumynyň işjeňliginiň bozulmalaryna bellibir orun degişlidir diýip pikir edýärler. Bu ýagdaý babatda iki sany görnüşi ýüze çykarýarlar: Gužeriň–Şegreniň alamatlar toplumy – daşky suwuklyk bölüp çykaryjy mäzleriň hemmesiniň işjeňlikleriniň bozulmagy ulgamlaýyn deri gyzylgurt keselinde, ulgamlaýyn sklerodermiýada, rewmatoid poliartritde we beýleki autoimmun kesellerde ýüze çykýar; Gužeriň–Şegreniň keseli, – şonuň ýaly kesel görnüşi, emma autoimmun bozulmalar esasynda döreýär.

**Keseliň görnüşi.** Gužeriň-Şegreniň keselinde we alamatlar toplumynda tüýkülik mäzler tarapyndan keseliň alamatlary köpdürlüdir. Bu tüýkülik mäzlerdäki bozulmalaryň başga synalaryň (iýmit siňdiriş, görüş, içki mäzler, bogunlar) we dokumalaryň (birleşdiriji dokuma we ş.m.) zeperlenmeginiň utgaşmagy bilen kesgitlenilýär. Keseliň alamatlary döwrüne (başlangyç, doly ýüze çykan, giçki), onuň geçişiniň we kesel seljeriş barlag görkezijileriniň güýçlüligine (işjeň we işjeň däl geçişi) bagly bolup durýar.

Näsaglar agyz boşlugynyň guramasyna, gulakýany mäzlerde wagtal-wagtal döreýän ýellenmä, umumy gowşaklyga, tiz ýadaýandyklary barada arz bildirýärler. Kähalatlarda bolsa gözüň guraklygy, ýagtylyk gorkusy, gözlere çäge düşen ýaly duýgy ýüze çykýar. Soňra näsag gulakýany mäzleriň we seýrek äňasty mäzleriň ulalandygyny ýüze çykarýar. Bu ýagdaýda käwagt näsag bogun keselleri, ulgamlaýyn deri gyzylgurt ýa-da sklerodermiya boýunça rewmatolog lukmanda hasapda duranlygyny aýdýar.

Kesel gowşan döwründe gulakýany mäzler, köplenç, ulalan, dykyz, büdür-südür, agyrysyz bolýar (*98-nji surat*). Adatça, mäzler jübüt zeperlenýär. Bu ýagdaýda käwagtlar limfa düwünleri hem ulalýar. Mäzleriň ulalmagy wagtal-wagtal has-da artýar, mäzleriň ulalmagy umumy ýagdaýynyň erbetleşmegi bilen geçýär. Ýitileşme bedeniň ýokary gyzgyny, akabalardan nemli–iriňli suwuklyk çykmagy bilen

agyr geçýär. Rentgen görkeziji serişde bilen alnan suratda mäzde şekilleri doly aýdyň bolmadyk dürli ölçeglerdäki boşluklar kesgitlenilýärler, ýone özeniniň şekili kesgitlenilmeýär. Mäziň kiçijik akabalary kesilýär, hemme ýerinde kesgitlenilmeýär, gulakýany we äňasty mäzleriň akabalarynyň şekilleri endigan düz we aýdyň däl bolýar.



*98-nji surat.*
Gužeriň-Şegreniň alamatlar toplumy

Rentgen görkeziji serişde bilen alnan surat boýunça Gužeriň – Şegreniň keselinde we alamatlar toplumynda, köplenç, tüýkülik mäziniň özeniniň üznüksiz çişmesi görnüşinde geçýändigini bellemek bolýar.

**Bejergisi.** Bejergisi guragyry keseller bölüminde geçirilýär. Gužeriň–Şegreniň keselinde we alamatlar toplumynda döreýän tüýkülik mäziniň üznüksiz çişme keseli we agyz guraklygy bejerilende tüýkülik mäzlere we agyz boşlugynyň nemli bardasyna täsir etmegiň ýerli usullarynyň birnäçesi: dimeksid, nowokain sanjym gabawlary, fiziki usullar we ş.m. teklip edilen.

**Keseliň öňüniň alnyşy we çaklamasy.** Keseliň öňüniň alnyşy we çaklamasy aşakdaky çärelerde jemlenendir: durmuşda we işde umumy we ýerli arassaçylyk düzgünleri berjaý etmek; yzygider gözegçilik we wagtal-wagtal geçirilýän toplumlaýyn derman bejergisi onuň oňaýly geçmegine getirýär. Näsaglar yzygiderli bejergi gözegçiliginde saklanylanda, keseliň uzak wagtlyk gowşamasyny gazanmak bolýar, näsaglar zähmete ukyply bolup galýarlar.

## 7.3. TÜÝKÜLIK MÄZLERIŇ ÇIŞME KESELLERI

Tüýkülik mäzleriň çişme keselleri – sialadenitler iň köp ýaýran kesellerdir. Sebäplerine baglylykda we keseliň ýaýraňlygynyň häsiýetine görä sialadenitleriň aşakdaky görnüşleri bar: 1) gelip çykyşy boýunça wirus döreden mahsusy; 2) mahsusy dal: a) ýiti; b) üznüksiz; 3) mahsusy; 4) tüýkülik-daş keseli.

### 7.3.1. Epidemik parotit (hapgyrtma, gulakýany tüýkülik mäziň ýiti mahsusy çişmesi)

Epidemik parotit gulakýany tüýkülik mäziniň özenine süzülýän wirusyň aralaşmagy netijesinde döreýär. Bu kesel çagalara has köp ýokuşýar. Kesel çagalaryň arasynda epidemiýa döretmek (köpçülikleýin ýokuşyp, ýaýrap saklanmagy) bilen howa-damja usuly bilen ýaýraýar. Şeýle-de, epidemik parotit bilen uly adamlar hem keselläp bilýärler.



*99-njy surat.*
Çep tarap gulakýany we sag tarap äňasty tüýkülik mäzleriň ýiti mahsusy çişme keseli-hapgyrtma

**Keseliň geçişi.** Kesel ýiti başlanýar. Ol umumy gowuşgansyzlyk, bedeniň gyzgynynyň 38--39°C-ä çenli ýokarlanmagy ýagdaýynda gulakýany töwereginde ýüze çykýan agyry duýgulardan başlanýar. El bilen barlananda, kesellän mäziň sudurlarynyň uludygy kesgitlenýär we örän ýuwaşlyk bilen barlananda hem agyry döreýär. Mäziň üstüniň derisi, köplenç, üýtgemedik bolýar. Mäze diňe ikilenç ýokanç düşende we onuň dokumasynyň iriňlemesinde çişme hadysasy derasty gatlaga we derä geçýär hem-de mäziň töwereginiň derisi gyzarýar. Bu alamatlardan başga-da, gulakýany tüýkülik mäziniň akabasynyň açylýan ýeriniň emzijeginiň ýellenmesiniň we onuň töwereginiň nemli bardasynyň gyzarmasyna üns bermek gerek. Agyry duýgulary sebäpli näsaglaryň agzynyň açylyşy çäklenen bolýar. Çişme hadysasy sebäpli mäz ýellenýär hem-de tüýkülik akyp çykmagy kynlaşýar, bu bolsa naharlanylan wagty we ondan soňraky agyrylary döredýär. Agzynyň açylyşynyň çäklenmesi, tüýküligiň az bölünip çykmagy netijesinde agyz boşlugynyň öz-özüniň arassalanmasy bozulýar we ýokanç düşmek howpuny döredýär (*99-njy surat*).

**Bejergisi.** Epidemik parotidiň ýörite geçirilýän bejergisi ýok. Geçirilýän bejergide tüýkülik mäzleriniň akabalar boýunça agyz boşlugyndan ýokançlanmagyna garşy gönükdirilen agyz boşlugynyň arassaçylygyna esasy üns berilmelidir. Munuň üçin agyz boşlugyny natriniň bikarbonatynyň 1%-li ergini, furasiliniň ergini, kaliniň permanganatynyň 0,1 %-li ergini bilen çaýkamak bellenilýär. Ýyladyjy sargylar (spirtli ýapgylar) ulanylýar.

Umumy bejergi kesel alamatlaryna garşy we gaýrüzülmeleriň öňüni almak (görkezmeler boýunça agyry aýryjy, antibiotikler we sulfanilamidler, dezintoksikasion we beden berkidiji serişdeler) görnüşinde geçirilýär.

Epidemik parotit, adatça, 5-10 gün dowam edýär we näsagyň sagalmagy bilen tamamlanýar. Emma käbir halatlarda ýumurtgalaryň ýellenmegi we agyrylary bilen geçýän orhit ýüze çykyp biler. Beýle ýagdaýda umumy bejergi çäklerinde 3-5 günüň dowamynda wena içre sanjym görnüşinde kortikosteroid serişdeler ulanylmalydyr. Seýrek halatlarda näsaglaryň, adatça, sagalmagy bilen tamamlanýan kelle-beýni gabyklarynyň çişmesi – meningit döreýär.

Keseliň güýçli ýokançlylygyny we ilatyň ýygjamlygyny göz öňünde tutup, epidemik parotidiň ýüze çykmasynda näsaglary köpçülikden çetleşdirip, aýry saklamak gerek. Näsaglara düşekde ýatmak düzgüni, suwuk, ýeňil we ýokumly iýmit bellenilýär.

**Keseliň öňüni alyş.** Keselden öňüni alyş sanjymlar bilen, şahsy we umumy arassaçylygy berjaý edip goranyp bolýar.

### 7.3.2. Tüýkülik mäzleriň ýiti mahsusy däl çişmesi (mahsusy däl ýiti sialadenitler)

Tüýkülik mäzleriň çişmesi ýiti we üznüksiz hadysa görnüşinde geçýär. Tüýkülik mäzleriň ýiti çişmesi dürli sebäpler netijesinde döräp biler. Bu sebäplere güýçden gaçmak, zäherlenme, bedeniň suwsuzlanmagy, stomatitlerde agyz boşlugyndaky ýakymsyz zatlardan, ýokançlaryň akaba boýunça ýokarlygyna gitmegi, tüýkülik çykaryjy akabalaryň tüýkülik daşy bilen dykylmasy we tüýkülik akabasynyň içine özge jynsyň düşmegi we ş.m. degişlidir.

#### 7.3.2.1. Gulakýany tüýkülik mäziniň ýiti sialadeniti (parotiti)

Gulakýany tüýkülik mäziniň ýiti sialadeniti, adatça, birtaraplaýyn bolýar we mäziň töwereginde agyry döremeginden başlanýar. Şol bir wagtda ýa-da sähelçe gijigip, mäziň hemme ýerleri ýellenýär we onuň netijesinde gözden geçirilende hem-de el bilen barlananda, mäziň uly sudurlary has-da aýdyň ýüze çykarylýar. Mäz dykyz we agyryly bolýar. Kesel beden gyzgynynyň 38-40°C ýokarlanmagy we çişme hadysaly mäziň töweregindäki gitdigiçe artýan agyrylar bilen geçýär. Agyrylaryň häsiýeti keseliň geçişine bagly bolup, sorkuldamadan kesip barýana çalymdaş agyra çenli üýtgäp biler. Seýrek bolmadyk halatlarda agyrylar çekge töweregе, gulak deşiginiň töweregine, ýeňsä we boýna ýaýrap biler.

Mäziň ýellenmegi we onuň ölçegleriniň ulalmagy netijesinde näsagyň agzyny açmagy kynlaşýar. Gitdigiçe agyrlaşyp barýan parotide akabasyndan tüýkülik çykmagynyň togtamagy häsiýetlidir. Keseliň soňraky günleri akabadan agymtyl reňkli bölejikleri bolan çökündili goýy tüýkülik çykýar. Mäzde iriňli hadysa dörände akabadan köp mukdarda iriň gatyşykly tüýkülik çykyp biler. Keseliň geçişiniň agyrlygy, onuň netijesi we gaýrüzülmeleriň döremegi doly derejede çişme hadysasynyň görnüşine baglydyr. Patomorfologik nukdaýnazardan ýiti parotidi iriňsiz (seroz), iriňli we flegmonoz görnüşlere bölýärler.

Ýiti iriňsiz (seroz) parotit has oňaýly geçýär we mäziň işjeňliginiň düýpli bozulmasy döremezden näsaglaryň sagalmagy bilen tamamlanýar.

**Ýiti iriňli parotit** bolan ýagdaýynda kähalatlarda aýry-aýry iriňli ojaklaryň emele gelmegi bilen mäziň özeni ereýär we soňraky döwürde birleşdiriji dokuma bilen dolup bitýär. Munda näsaglaryň başdan geçirýän duýgulary we keseliň geçişi göz-görtele agyrlaşýar. Beden gyzgyny 40°C-ä çenli ýokarlanýar, agyrylar sorkuldaýan häsiýetli bolýar. Mäz dokumasynyň güýçli ýellenmesi netijesinde onuň sudurlary güberçek şekile geçýär, mäziň üstüniň derisi dartylýar, kähalatlarda bolsa gyzaran bolýar. Ýellenen mäz gataňsylylygynyň daşky gulak geçelgesini gysmagy

näsagyň eşidişiniň peselmegine getirýär. Mäziň ýellenmesiniň has güýçli bolmagy näsagyň ýüzüniň taraplarynyň deňsizligine – asimmetriýa getirýär. Gulakýany tüýkülik mäziniň akabasyndan (Stenonow akabasy) iriň çykýar. Keseliň iriňsiz (seroz) görnüşinden tapawutlylykda iriňli parotitde ýerli we umumy gaýrüzülmeleriň döremegi mümkin.

**Flegmonoz parotidiň** netijesi mäz özeniniň tutuş eremegi we onuň birleşdiriji dokuma bilen çalyşmagy bolup biler, bu bolsa onuň işiniň togtamagyna getirýär. Mundan başga-da, mäziň daşynyň bardasynyň iriň bilen eremegi netijesinde iriňli çişme hadysasynyň töweregindäki dokumalara ýaýramagyna getirip biler, iriňiň derini eredip ýarmagy bolsa durnukly tüýkülik deşiginiň döremegine getirýär. Eşidiş geçelgesiniň (turbasynyň) we damak deşiginiň töwereginde mäziň bardasynyň ýoklugy iriňiň daşky gulak geçelgesine we iň howplusy-da, iriňiň damakýany boşluga we hatda damakýany boşlugyň flegmonasynyň döremegine we mediastinitiň döremegi bilen gursagara boşluga ýaýramagyna ýardam edýär. Flegmonoz parotit ýüz wenalar ulgamynda flebiti we tramboflетiti emele getirmek bilen töwereginiň wenalaryna çişme hadysasynyň ýaýramagy bilen hem örän howpludyr. Bular bolsa beýni sinuslary tarapyndan gaýrüzülmeler döredip biler. Amaly lukmançylygyň häzirki zaman guramaçylyk we bejergi mümkinçilikleri ýagdaýynda bu agyr gaýrüzülmeleriň seýrek duş gelýändigine garamazdan, olar barada hemişe ýatda saklamaly we degerli bejeriş – öňüni alyş çäreleri geçirilmelidir.

**Bejergisi.** Ýiti parotidiň başlangyç döwri kesgitlenende, bejergi ýaňaklaryň, diliň nemli bardasyny natriý bikarbonatynyň 1 %-li erginine ýa-da kaliý permanganatynyň 0,1 %-li erginine ezilen pamyk tokgasy bilen oňat arassalamagy we şol erginler bilen ýygy-ýygydan çaýkatmak görnüşindäki yhlas bilen geçirilýän agyz boşlugynyň arassaçylygynda jemlenendir. Gulakýany tüýkülik mäziň akabasyna antibiotikleriň erginini goýbermek we mäzi ýuwaşlyk bilen owkalamak, mäz töwereginde geçirilen nowakain siňdirme sanjym baglamalary oňat netijeleri berýär, şeýle hem antibiotikoterapiýany, sulfanilamidleri, tüýkülik mäziniň işini güýçlendirýän dermanlary (galantaminiň ýa-da prozeriniň 0,5 %-li erginini 1,0 *ml* mukdarda derasty 20-30 sanjym), desensibilizirleýji (kalsiý derman serişdeleri, gistamine garşy serişdeler) we umumy beden berkidiji (witaminler, glýukozanyň dürli erginleri we ş.m.) serişdeleri ulanýarlar. Kesellän mäz töweregine gury ýylylygyň fiziki bejergi usullary (sollýuks, *HÝÝ*-bejergi, geliý-neon lazeri) belleýärler.

Seroz parotidiň agyr görnüşinde güýçli geçirilýän antibiotikoterapiýa bilen bir hatarda ýokarda sanalan bejergi usullaryny doly ulanýarlar. Adatça, gaýrüzülmesiz geçýän ýiti parotit 7-14 günüň dowamynda näsagyň doly sagdynlaşmagy bilen tamamlanýar.

Iriňli we flegmonoz parotit ýüze çykanda ýokarda sanalan bejergi usullar bilen bir hatarda (fiziki bejergi usullaryndan başgalary) güýçli antibiotikoterapiýa geçirilýär. Çişme hadysasynyň mäziň çäklerinden daşyna çykmak alamatlary dörände iriňli ojagy kesip ýarmak bilen iriňi akdyrmak (drenirlemek) geçirilýär. Mäziň tu-

tuş bir böleginiň iriňli çişme hadysa netijesinde eremegi ýüze çykanda iriňli ojak kesilip ýarylandan soňra deride durnukly tüýkülik deşigi emele gelýär. Emele gelen tüýkülik deşigi näsag tüýkülik mäziniň çişme keselinden doly sagalandan soňra (1-1,5 aý geçirip) amal usuly bilen, adatça, Limberg boýunça bejerilýär.

Ýüzüň wenalarynyň trombozy, gursagara boşlugyň çişme hadysasy bolan mediastinit görnüşindäki gaýrüzülmeler dörände bu agyr ýagdaýlardaky göz öňünde tutulan gyssagly bejergi çäreleri geçirmek gerek.

Ýiti parotidiň gaýrüzülmeleriniň häzirki wagtda seýrek duş gelýändigine garamazdan, näsaglar tarapyndan bu keseliň özü-de agyr geçirilýär. Bu ýagdaý aýratyn hem öňüni alyş çäreleriň geçirilmeginiň ýeterlik bolmadyk, bu keseliň döremegine ýakyn bolan bäbekleriň we gowşak çagalaryň, köplenç, garyn boşlugynyň amal bejergisini geçiren we ondan soňraky döwürdäki näsaglaryň umumy beden ýagdaýyna has hem agyr täsir edýär.

Ýiti parotidiň öňüni almagyň esasy çäresi agyz boşlugynyň arassaçylygydyr. Bäbeklerde agyz boşlugynyň nemli bardasyny natriý bikarbonatynyň 1 %-li erginine ýa-da kaliý permanganatynyň 0,1 %-li erginine ezilen pamyk tokgasy bilen süpürýärler. Ululara agyz boşlugyny zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýygy-ýygydan çaýkamak, tüýkülik bölünip çykyşyna ýardam bermek üçin bolsa limon ýa-da başga turşy gök önümi iýmek bellenilýär.

### 7.3.2.2. Äňasty tüýkülik mäziniň ýiti çişmesi

Äňasty ýiti sialadenit, adatça, birtaraplaýyn bolýar. Köplenç, çişme hadysasyna mäzde tüýkülik durgunlygyny döredýän akabanyň tüýkülik daşy bilen dykylmagy sebäp bolýar. Beýle ýagdaýda agyz boşlugyndan ýokanjyň akaba boýunça aralaşmagyna oňaýly şertler döreýär we ýiti sialadenit döreýär.

Äňasty tüýkülik mäziniň ýiti çişmesi degişli tarapyň äňasty töwereginde we ýuwdunanda, diliň köküniň ýanynda döreýän agyry duýgulardan başlanýar. Ondan başga-da, agyrylar diňe bir nahar iýlende döremän, eýsem, iýmiti görende hem ýüze çykýar. Nahar iýlende agyry duýgulary güýçlenýär, mäziň ölçegleri bolsa ulalýar. Seýrek bolmadyk halatlarda beden gyzgyny 37,5-38°C-ä çenli ýokarlanýar, çişme hadysasy iriňli görnüşe geçende bolsa, ondan hem ýokary galýar.

Bedeniň ýokary gyzgyny, ýuwdunandaky damakda döreýän agyry, damagyň gyzarmasy käwagt ýalňyşlyk bilen basygyň alamaty hökmünde kabul edilip bilner. Hakyky keseli ýüze çykarmak üçin iki el bilen barlag geçirmek ýeterlikdir. Munuň üçin süýem barmak bilen agzyň içinden tüýkülik mäziniň akabasyny barlamaly, beýleki eliň barmaklary bilen bolsa äňasty töwerek tarapdan mäzi barlamaly.

Ýiti çişme ýagdaýynda äňasty mäz ulalýar we agyryly bolýar. Äňasty tüýkülik mäziniň ýiti çişmesi sialodohit (tüýkülik akabasynyň çişmesi) bilen geçýänligi sebäpli tüýkülik çykaryjy akaba agyryly bolýar we barmak bilen barlananda, dartylyp

duran dykyz zolak görnüşinde ýüze çykarylýar. Agzyň içinden el bilen barlananda seýrek bolmadyk halatlarda akabada (seýrek mäziň içinde) ýiti çişme hadysasynyň sebäbi bolan tüýkülik daşy kesgitlenýär. Mäze basylanda, şeýle hem akabanyň merkezi böleginden çetine tarap owkalama geçirilende, akabadan bulanyk ýa-da iriň gatyşykly tüýkülik çykýar.

Çişme hadysasynyň mäz dokumasynyň daşyna hem täsirini ýetirýänligi sebäpli tüýkülik akabanyň ugry boýunça dilasty oklawjyk gataňsy bolýar we nemli bardasy gyzarýar.

Iýmit bilen baglanyşykda tüýkülik emele gelmeginiň güýçlenmegi mäziniň has-da ulalmagyna, daşynyň bardasynyň dartylmagyna we onuň bilen bolsa agyrynyň güýçlenmegine getirýär. Bu ýagdaý sebäpli näsaglar, köplenç halatlarda, iýmitden ýüz öwürýärler.

**Bejergisi.** Äňasty tüýkülik mäziniň ýiti çişmesiniň başlangyç döwürlerinde adaty bejergini – agyz boşlugyny zyýansyzlandyryjy erginler bilen çaýkamak, *HÝÝ*-bejergi, sollýuks ulanylýar. Agyryny we tüýkülik bölünip çykyşyny azaltmak üçin atropin (0,1 %-li margininiň 5-10 damjasy ýa-da 0,5 *ml* derasty sanjymy) bellenýär. Agyry aýryjylaryň (analgin, baralgin) we spazmolitikleriň (spazmalgon, nasagin) sanjymlary näsaglaryň çekýän ejirlerini ýeňledip biler. Tüýkülik mäziniň akabasynyň dürtgüç bilen barlanmagy, onuň agyrysyzlandyryja garylan antibiotik erginini ýuwaşlyk bilen goýberip ýuwulmagy netijesinde goýy iriňli tüýkülik çykmagy näsagyň ýagdaýynyň oňatlaşmagyna ýardam edýär. Çişme hadysasy agyrlaşyp geçende (gitdigiçe güýçlenýän sorkuldyly agyrylaryň ýüze çykmagy) düýpli däl hirurgik amala – äňasty tüýkülik mäzi kesip ýarmaklyga ýüz urýarlar we soňra iriň çykaryjyny ulanýarlar. Äňasty tüýkülik mäziniň ýiti çişmesiniň sebäbi, köplenç, akabanyň tüýkülik daşy bilen petiklenmegidir. Äňasty tüýkülik mäziniň amal bejergisiniň usuly aýratynlyklary «Tüýkülik daş keseli» bölüminde beýan edilýär.

### 7.3.3. Tüýkülik mäzleriň üznüksiz mahsusy däl çişme keseli

Üznüksiz mahsusy däl çişme keseli, köplenç, **gulakýany tüýkülik mäzde** duş gelýär. Tüýkülik mäzleriň üznüksiz çişme kesellериniň – sialadenitleriň üç topary bolýar: parenhimatoz (mäziň özeninde), interstisial (mäziň özenara böleginde) we sialodohit (mäziň akabasynyň içinde). **Üznüksiz parenhimatoz sialadenite** mäziň anyk çäkleri bolan ýellenmesi, çykaryjy akabadan iriň gatyşykly bulanyk tüýkülik çykmagy häsiýetlidir. Rentgen görkeziji serişde bilen alnan suratda onuň salkym görnüşli ýygnanandygy görünýär. Munuň ýaly görnüş mäziň özeninde uzak wagtyň dowamyndaky çişme-zaýalanma hadysasynyň we çäkli iriňli ojagyň emele gelmeginiň netijesidir. Ýuwaş-ýuwaşdan mäz dokumasy birleşdiriji dokuma bilen çalşylýar. Üznüksiz sialadenit wagtal-wagtal döreýän ýitileşmeler bilen geçýär (*100-nji a, b, ç suratlar*). **Gulakýany mäziň üznüksiz interstisial sialadeniti** mäziň özenini zeperlemezden, onuň bölejikleriniň arasyndaky birleşdiriji dokumanyň

çişme hadysa netijesinde ulalmagy bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň şu görnüşinde tüýkülik mäziň göwrümi ulalýar. Ulalan tüýkülik mäz, adatça, agyrysyz, ýumşak dykyzlykly, tüýkülik bölüp çykaryjylyk işjeňligi bellibir derejede bozulyp bilner.




*100-nji surat.* Gulakýany tüýkülik mäziň üznüksiz özen (*A*), üznüksiz özenara (*B*) we üznüksiz akaba içre (*Ç*) çişmesiniň başlangyç (I), kesel alamatlary güýçli bildirýän (II) we giçki (III) döwürlerinde sialogrammalaryň şekilleri

**Üznüksiz sialadohidiň** sebäpleri doly anyklanylmadyk, ol, köplenç, gartaşan adamlarda duş gelýär, ýiti we duzly iýmitden soň gulakýany–çeýneýiş töwerekde wagtal-wagtal döreýän ýellenme görnüşinde häsiýetlendirilýär, kähalatlarda alamatsyz hem geçip bilýär. El bilen barlanylanda, gulakýany akabanyň ýa-da mäziň haýsy-da bolsa bir ýerinde agyrysyz zolak ýellenme ýüze çykarylyp bilner, basylanynda bulançagrak tüýkülik çykýar we ýellenme aýrylýar.

**Üznüksiz mahsusy däl sialadenitiň ýitileşmesinde**, ýiti görnüşdäki ýaly **bejergi** çäreler geçirilýär. Ýitileşme däl ýagdaýynda çykaryjy akabany ýokanja garşy dermanlaryň, himotripsiniň erginleri bilen ýuwýarlar we bu çäre birleşdiriji dokuma lagtalary dargadýar, goýalan tüýküligi suwardýar hem-de onuň akyp çykmagyny ýeňledýär. Tüýkülik çykaryjylyga ýardam bermek üçin biraz gyzdyrylan nowokaini (50-60 *ml*, 0,5%-li ergin, 10-12 gezek) mäzi gurşap alan dokumalara sanjyp çykýarlar, galantamin ýa-da prozerin (1,0 *ml* 0,5%-li suw erginleri derasty, bir bejergi tapgyry üçin 30 sanjym), mäziň galwanizasiýasyny (30 gezek) ulanýarlar.

Rentgen şöhle bejergi oňat netije berýär. Bir bejergi tapgyryna 10–15 *Greý* belleýärler. Amalsyz bejergi netijesiz bolanda ýüz nerw ulgamynyň şahalaryny saklamak bilen gulakýany tüýkülik mäziniň doly ýa-da bölekleýin aýrylmagyny geçirýärler. Ýaýraň iriňli çişme hadysasy dörän ýagdaýynda ýerleşýän ýerine baglylykda gerek bolan kesim geçirilýär.

## 7.4. TÜÝKÜLIK DAŞ KESELI

Kesel has ýygy duş gelýär. Tüýkülik mäzlerinde daşlaryň emele gelmegi käbir alymlaryň pikiriçe çişme hadysalary bilen baglanyşykly bolsa, käbir alymlaryň pikiriçe-mäzleriň we olaryň akabalarynyň içine düşen özge jynslaryň bardygy bilen bagly bolýar. Tüýkülik daş keseli (sialolitiaz, kalkulýoz sialadenit) bolan näsaglaryň ganynyň suwuk böleginde kalsiniň ýokary mukdary ýüze çykarylyp, bu bedeniň mineral çalşygynyň bozulmasyna şaýatlyk edýär. Tüýkülik daş keseli bilen, köplenç, äňasty tüýkülik mäz, has seýrek – gulakýany mäzi zeperlenýär. Türkmenistan boýunça ýatymlaýyn hirurgik stomatologiýa bölüminde tüýkülik mäzleriniň çişme keselleriniň arasynda bu kesel 48,5% ýüze çykaryldy. Şeýle hem geçirilen barlaglarda tüýkülik daş keseliniň aglaba ýagdaýda äňasty tüýkülik mäzinde, seýrek-gulakýany tüýkülik mäzinde (degişlilikde, 90,1% we 9,9%) duş gelýänligi (Orazwaliýew A. I., 1995) ýüze çykaryldy. Tüýkülik daşynyň emele gelmegi bilen döreýän mäzdäki çişme hadysa «Tüýkülik daş keseli» diýlip atlandyrylýar. Tüýkülik daşlarynyň görnüşleri we ölçegleri köpdürlüdirler we olar onuň ýerleşişine baglydyr. Akabalarda emele gelýän daşlar, adatça, uzyn, mäzleriň içindäkiler togalak ýa-da süýri görnüşli bolýar. Has uly tüýkülik daşlary äňasty tüýkülik mäziniň akabasynyň başlanýan ýerinde emele gelýär (*101-nji surat*). Tüýkülik daş keseliniň geçişi daşyň ýerleşişi we keseliň döwri bilen kesgitlenilýär. Mäziň tüýkülik çykaryjy akabasynyň başlanýan ýerinde ýerleşen uly bolmadyk daş bildirmän hem (***uýgunlaşan döwür***) biler. Eger-de daş nahar iýlenden soňra gysga wagtlyk tüýkülik çykmagyna päsgelçilik döredýän bolsa, mäziň biraz ulalmagy ýüze çyksa we nahar iýip gutarylandan soňra birden köp mukdarda tüýkülik (***aram uýgunlaşan döwri***) çykyp biler. Emma uly bolmadyk daş akabanyň öň ýa-da orta böleklerinde ýerleşse, tüýkülik çykaryjylyk bozulýar hem-de çişme hadysasy döreýär. Nahar wagty güýçlenýän ýiti sanjyly agyrylar döreýär. Agyrylar bilen bir wagtda mäz hem ulalýar. Tüýkülik daş keselinde, adatça, mäziň üsti gaty we büdür-südür bolýar. El barlagynda äňasty tüýkülik mäziniň üstüne goşulan ulalan limfa düwünleri kesgitlenilýär. Dilasty oklawjyk has gataňsy we çykaryjy akabanyň töwereginiň nemli bardasy has gyzaran. Owkalanan we basylan ýagdaýynda mäz çykaryjy akabadan iriň çykýar (***uýgunlaşmasyz döwri***). Haçanda daş mäziň içinde ýerleşende, kesel az alamatly geçip biler. Daş käwagt tötänlikde, rentgen barlagy geçirilende ýüze çykarylýar.




*101-nji surat.* Tüýkülik daşlary

Tüýkülik daş keselini ***anyklamak*** üçin näsagyň nahar wagty äňasty tüýkülik mäziniň ulalýanlygyna bolan arzynyň uly ähmiýeti bardyr. Daş äňasty tüýkülik mä-

ziniň çykaryjy akabasynyň öň we orta böleklerinde ýerleşeninde, ony iki el bilen geçirilýän barlag arkaly aňsat ýüze çykaryp bolýar. Şeýle hem keseli anyklamak üçin rentgen barlagynyň wajyp ähmiýeti bardyr, aýratyn hem agyz içre usulda agyz boşlugynyň düýbüniň rentgen suraty alynsa. Agyz içre alnan suratlarda daşyň kölegesini aşaky we ýokarky äň süňklerine düşürmän bolýar (*102-nji a, b, suratlar*).



*a)* *b)*

*102-nji a, b suratlar*. Tüýkülik daşlaryň rentgen şekilleri:
*a* – sag tarap äňasty mäziň daşy; *b* – çep tarap äňasty mäziň akabasyndaky daş

Düşnüksiz ýagdaýlarda (az rentgen şöhle görkezýän, ýumşak daş) ýodolipol bilen tüýkülik mäziniň akabalarynyň rentgen barlagy amala aşyrylýar. Rentgen suratda daşyň görnüşine we onuň ýerleşişine gabat gelýän rentgen görkeziji serişde bilen alnan boşluk ýüze çykarylýar. Ýiti çişme hadysa bolanynda rentgen görkeziji serişde bilen tüýkülik mäziniň barlagyny geçirmeklikden saklanýarlar.

**Bejergisi**. Daş äňasty tüýkülik mäziniň esasy akabasynda ýerleşende, ony dil nerw ulgamynyň sebitleýin agyrysyzlandyrmasy bilen **agyz içi kesim arkaly aýyrýarlar**. Akabany töwereginiň ýumşak dokumalary bilen bilelikde daşyň aňry ýanyndan daňýarlar. Soňra akaba girizilen dürtgüç boýunça agyz boşlugynyň nemli bardasyny we akabany kesýärler. Daşy hirurgik çemçejik ýa-da timarlaýjy bilen aýyrýarlar. Soňra akaba goýlan tikin sargyny aýyrýarlar, akabany zyýansyzlandyryjy erginler (furasilin, riwanol) bilen ýuwýarlar. Ýarany tikmeýärler, onuň içine rezin ellikden ýasalan inçe zolak iriň çykaryjyny salýarlar hem-de ony ýaranyň gyrasyna tikin bilen berkidýärler. Daş mäziň ýokarky böleginde ýa-da akabanyň başlanýan ýerinde ýerleşeninde hem amaly agyz içre usul bilen amala aşyryp bolýar (*103-nji surat*). Amalyň şowlulygy köp babatda kömekçä bagly bolup durýar. Ol bir eli bilen äňasty tüýkülik mäzi öňe we ýokaryk iteklemeli, beýlekisi bilen bol-



*103-nji surat.* Äňasty tüýkülik mäziň akabasyndaky daşyň agyz içre kesilip aýrylyşy

sa gural arkaly dilini garşy tarapa süýşürmeli. Gulakýany tüýkülik mäziniň ýeke ýerleşen daşyny ýüz nerw ulgamynyň şahalarynyň ugry boýunça geçirilen agyzdan daşary, deri kesimleri arkaly aýyrýarlar. Tüýkülik daşlary aýrylandan soňra suwuk we turşy iýmit, pilokarpiniň ergini, fiziki bejergi (*HÝÝ* elektrik meýdany, gury ýylylyk) bellenilýär. Äňasty tüýkülik mäzinde birnäçe ownuk daşlaryň bolmagy, mäziň daş-töwereginiň bertik üýtgemeleri, şeýle hem keseliň ýygy-ýygydan gaýtalanyp durmagy äňasty tüýkülik mäziniň goparylyp aýrylmagyna görkezme bolup durýar.

**Äňasty tüýkülik mäziniň kesilip aýrylyşynyň usuly**. Näsag arkan ýatyrylýar, eginleriniň aşagyna dolanan düşekçe daşy salynýar, kellesi yza we garşy tarapa öwrülýär. Amaly ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrýarlar. Kesimi döş-ýaýjyk-emzik görnüşli muskulyň öň tarap gyrasyndan, aşaky äňiň burçundan 2 *sm* aşakdan başlaýarlar we äňiň gyrasyna ugurdaş edip eňegiň ortasyna tarap dowam edýärler (*104-nji a, b, ç, d, e, ä, suratlar*). Kesimiň uzynlygy 6-7 *sm*; derini, derasty ýagly gatlagy, ýüzleý gatlagara dokuma bardasyny we boýnuň derasty muskulyny kesýärler. Soňra boýnuň öz gatlagara dokuma bardasynyň öň



*104-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar.* Äňasty tüýkülik mäziň aýrylyşy:
*a* – deri kesimi; *b* – boýnuň derasty muskulynyň kesilişi;
*ç* – ýüzüň gan damarlaryny daňmak; *d* – mäziň çykarylyşy;
*e* – çykaryjy akabanyň daňlyşy we kesilişi; *ä* – ýaranyň gatma-gat tikilişi

tarap gatyny, äňasty tüýkülik mäziniň bardasyny ýarýarlar. Mäzi mümkin boldugyça kütek usul bilen, bir gat boýunça goparýarlar. Tüýkülik mäziniň daşgyn tarapy boýunça ýüz wenasyny, mäziň yz hem daşgyn böleginiň töwereginde iç tarapdan ýüz arteriýany tapýarlar. Gan damarlary mäzden bölüp aýyrýarlar, gapdala süýşürýärler ýa-da tüýkülik mäzden ýokardan hem-de aşakdan daňýarlar we kesýärler. Şeýle hem aşaky äňiň gyrasy boýunça eňegasty arteriýany daňýarlar we kesýärler. Ondan soňra çykaryjy akabany tapýarlar we ony boşadýarlar, amal wagty yza süýşüp bilýän daşyň barlygyny–ýoklugyny barlaýarlar, iki sany sapak bilen daňýarlar (hromlanan ketgut, makson, biosin, dekson) we olaryň arasy boýunça kesýärler. Akabanyň daňlan we kesilen uçlaryna ýod erginini çalýarlar. Mäz çykarylan ýagdaýynda, aýratyn hem onuň bardasynyň bertik birleşmeleri bolanynda, seresaplylyk bilen çemeleşýärler. Bu äňasty üçburçlugyň ýokarky we aşaky böleklerinden geçýän dil we dilasty nerw ulgamynyň zeperlenmeginiň öňüni alýar. Ýara gatma-gat tikinler goýulýar. Ýaranyň yzky böleginde rezin ellikden bolan inçejik zolagy goýýarlar.

VIII BAP

# ÄŇ – ÝÜŽ TÖWEREGINIŇ ŞIKESLERI WE ZEPERLENMELERI

Äň-ýüz töwereginiň zeperlenmelerini mehaniki şikeslere, bileleşen zeperlenmelere, ýanyklara we sowuk almagyna bölýärler. Mehaniki zeperlenmeleri ýerleşişine (diliň, tüýkülik mäzleriň, uly nerw ulgamynyň we uly damarlaryň zeperlenmegi bilen ýumşak dokumalaryň şikesleri; süňkleriň şikesleri: aşaky äňiň, ýokarky äňiň, duluk süňkleriniň, burun süňkleriniň, iki süňküň we ondan-da köp süňküň şikesi), ýaralanmanyň häsiýetine (aňyrsyna geçýän, aňyrsyna geçmeýän, degip geçýän, agyz boşlugyna geçýän, agyz boşlugyna geçmeýän, ýokarky äň boşlugyna we burun boşlugyna geçýän), zeperlenmäniň döreýşine (ok degen: gülle degen, uçundy degen, seçme degen, peýkam okuna meňzeş jisimler degen; ok degen däl; açyk we ýapyk) görä görnüşlere bölýärler. Ýüzüň zeperlenmeleri özbaşdak ýeke, özbaşdak köpsanly, utgaşykly ýeke (bile geçýän we esasy), utgaşykly köpsanly (bile geçýän we esasy) bolup biler.

Utgaşykly şikes – bu bir zeper ýetiriji güýç sebäpli adam bedeniniň azyndan iki gurluş-ýerleşiş töwereginiň ýa-da synasynyň zeperlenmesidir.

Bileleşen zeperlenme – bu dürli zeper ýetiriji sebäpleriň täsir etmegindäki zeperlenmedir (meselem, mehaniki şikes we gyzgynlyk ýanygy).

Döwük bu süňküň yzygiderliliginiň (bütewüliginiň) doly däl ýa-da doly bozulmasydyr. Döwük mehaniki täsir netijesinde ýüze çykýar. Süňk bilen bilelikde ony gurşap alan ýumşak dokumalar hem şikeslenýär. Şikes we kesel zeperlenmäniň döwük görnüşleri bar.

Şikes döwügi süňke täsir edýän mehaniki güýjüň onuň berkliginden (garşylyk görkeziş mümkinçiliginden) agdyklyk edende döreýär. Süňk dokumasynyň berkligi ondaky dürli keseller netijesinde (üznüksiz osteomiýelit, kista, howpsuz we howply çişler we ş.m.) has peselip biler. Munuň ýaly ýagdaýlarda sähelçe güýç täsiri netijesinde (gaty iýmiti çeýnemek, agzy giňden açmaklyk) ýa-da görnüp duran bellibir sebäpsiz hem süňk döwlüp biler. Beýle görnüşi kesel zeperlenme döwügi diýip atlandyrýarlar.

Aşaky äňiň döwükleri eplenme, gaňrylma we gysylma hadysalary netijesinde döreýär (*105-nji a, b, ç suratlar*). Döwük mehaniki güýjüň täsir eden ýerinde (güýç täsir eden ýeriniň döwügi) ýa-da güýç täsiriň birneme başga, süňküň gowşak ýerinde (güýç täsir etmedik ýeriniň döwügi) döräp biler. Seýrek bolmadyk halatlarda döwükleriň iki görnüşiniň hem bir süňkde döremegi bolup biler. Şeýle hem döwükleriň açyk we ýapyk görnüşleri bar. Aşaky äňiň dişleriniň ugry boýunça ýerleşen döwükler we ýokarky äňiň döwükleri açyk döwüklerdir.




*105-nji a, b, ç suratlar.* Aşaky äňiň döwükleriniň döreýiş görnüşleri:
*a* – äňiň çep tarap burçunda güýç täsir eden ýeriniň we sag tarap gyýak diş deňesinde güýç täsir etmedik ýeriniň eplenme netijesinde dörän döwükleri; *b* – şahasynyň iteklenip gaňrylma netijesinde dörän dik döwügi; *ç* – şahasynyň gysylma netijesinde dörän kese döwügi

Adam bedeniniň süňkleriniň şikes (güýç) zeperlenmeleriniň arasynda ýüz süňkleriniň döwükleri 3,2-den 8%-e çenli ýaýraňlykda bolýar. Ilatyň 1000 jan sanyna garanyňda ortaça 0,6 ýygylykda bolýar. Gelip çykyşy boýunça şikesleriň önümçilik (senagat, oba hojalyk) we önümçilik däl (durmuşdaky, köçe, ulag, sport we ş.m.) görnüşleri bar.

Türkmenistanda geçirilen ylmy-barlag işleriň netijelerinde (Kazimow Z. I., 1971; Myradow N., 1992; Annaberdiýew S. D., 2014) ýüz süňkleriniň döwükleriniň aýry-aýry görnüşleriniň aşaky äňde 53-80%, ýokarky äňde 1,5-7,2%, burun süňklerinde 9,3-9,7%, duluk süňkünde we onuň ýaýynda 3,3-10,8%, utgaşykly şikesleriň 9,3%-e çenli ýygylygy ýüze çykaryldy.

## 8.1. ÝÜZÜŇ ŞIKES ZEPERLENMELERINI ANYKLAMAGYŇ UMUMY ESASLARY

Taryhyny sorap, şikesiň ähli ýagdaýlaryny anyklaýarlar (serhoşlyk ýagdaýy bolupmy, bolmanmy), şikesiň görnüşini, ejir çekeniň ilkinji lukman kömegi üçin ýüz tutan wagtyny we onuň göwrümini, bürmek keseline garşy sanjym edilenini ýa-da edilmänini aýdyňlaşdyrýarlar. Utgaşykly kelle-beýni şikesine, kelle-beýniniň sarsmagynyň alamatlaryna aýratyn üns berilmelidir (huş ýitirme, ýürek bulanma, gaýtarma). Ýüzi gözden geçirilende ýumşak dokumalaryň zeperlenmeleriniň ýerleşýän ýerini, häsiýetini kesgitleýärler (ýellenmek, ýaralaryň, sypjyryklaryň, gan inmeleriň bolmagy). Soňra yzygiderlilikde ýüzi barmaklar bilen barlaýarlar. Burnuň süňkleriniň, gözhananyň gyralarynyň, duluk süňküniň we duluk ýaýynyň, aşaky äňiň sudurlaryny barlaýarlar. Bellibir ýerde agyrynyň, süňküň gyşarmasynyň we kadaly däl hereketiniň bolmagy döwük barada şaýatlyk edýär. Ýüzüniň daşky gözden geçirilişinden soňra näsagyň agyz boşlugynyň barlagyna geçýärler. Dişleriň gatnaşygynyň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň ýagdaýyna üns bermek gerek (onuň bütewüliginiň bozulmagy).



*106-njy surat.* Aşaky äňiň döwük bölekleriniň zeperlenme hereketi kesgitlenende, lukmanyň elleriniň barmaklarynyň ýagdaýy

Aşaky äňiň bedeniniň döwükleri elýeter bolanlygy sebäpli, iki el bilen barlag geçirilýär. Iki eliň hem süýem barmaklaryny degişli dişleriň çeýneýiş ýüzlerinde ýa-da kesiji gyralarynda ýerleşdirýärler, başam barmaklar bilen bolsa daşyndan, aşaky äňiň gyrasyndan tutýarlar. Eger-de döwük bar bolsa, kadaly däl hereket kesgitlenilýär (*106-njy surat*). Aşaky äňiň şahasynyň döwügine müňkür bolnanynda bir eliň başam barmagyny uly azylaryň çeýneýiş ýüzlerinde ýerleşdirýärler, süýem barmak bilen bolsa daşyndan, äňiň burçuny saklaýarlar. Beýleki eliň süýem we başam barmaklary bilen aşaky äňiň şahasyny süýşürýärler. Aşaky äňiň bogun ösüntgileriniň bütewüliginiň bozulmagyny daşky gulak deşiklerine barmak salyp barlaýarlar. Aşaky äňiň hereketlerinde bogun kellejiginiň hereketleriniň bolmazlygy ýa-da doly bolmadyk hereketleri onuň şikeslenendigi barada şaýatlyk edip biler. Göni däl basylanynda (ýuwaşja kakmak ýa-da güýç bermek) döwük töwereginde agyrynyň döremegi möhüm anyklaýyş alamaty bolup durýar (*107-nji a, b, ç, suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*107-nji a, b, ç suratlar.* Aşaky äňiň döwük ýerinde agyry ýüze çykarylanda, lukmanyň elleriniň basyş ýagdaýy:
*a* – eňege öňden-yza basmak (bedeninde, burçunda we şahasynda döwük bolanda); *b* – iki taraplaýyn burçlara daşdan-içe basmak (eňek töwereginde döwük bolanda); *ç* – burçunda aşakdan ýokaryk basmak (bogun ösüntgide döwük bolanda)

Ýokarky äňde döwüge sübhe dörän ýagdaýynda *sag* eliň başam we süýem barmaklary bilen öýjükli ösüntginiň öň tarap bölegini tutýarlar we ýokarky äňi öňe we yza gozgajak bolýarlar. Burnuň arkasynda hereket bolmagy ýokarky äňiň bütewüliginiň bozulanlygy barada şaýatlyk edýär. Pahna görnüşli süňküň ganat şekilli uju-

na barmak bilen basylanynda agyry we kadaly däl hereketiň bolmagy ýokarky äňiň bedeniniň zeperlenmesini ýüze çykarmaga ýol berýär. Süňk bölekleriniň ýerinden süýşmegi ýüz süňkleriniň döwükleriniň ygtybarly alamaty bolup durýar we ol üç zat bilen kesgitlenilýär: şikes ýetiriji güýjüň ugry, süňk bölekleriniň öz agramlary we çeýneýiş muskullaryň ýygrylmagy. Nerwleriň barlagy ýüzüň süňkleriniň şikesleriniň anyklamasynda düýpli kömegi berýär, sebäbi köp ýagdaýlarda olarda üç şahaly nerw ulgamynyň daşgyn şahalarynyň şikesleri hem duş gelýär. Ýüzüniň şikesi bolan näsagyň barlagynyň soňunda öň we gapdal taraplardan – iki ugur boýunça rentgen suraty alynýar. Rentgen suratlarda döwük yşynyň ugruny we dowamlylygyny, bölekleriň süýşmeginiň derejesini, süňküň döwük böleginiň ýa-da kemtigiň barlygyny, döwük yşynda dişleriň ýerleşişini anyklamak bolýar. Äňleriň ýörite rentgen enjamda gözýetim şekilinde alnan suratlary maglumat berijiligi boýunça örän gymmatlydyr.

Adam bedeniniň ýaralanmalaryna häsiýetli bolan umumy kanunalaýyklyklardan başga-da, ýüzüň we äňleriň şikesleriniň görnüşiniň we geçişiniň bu ýeriň gurluşyna we fiziologiýasyna bagly bolan birnäçe aýratynlyklary bar. Jana wajyp synalaryň (kelle-beýni we oňurga, ýokarky dem alyş ýollar, gözler, gulaklar, uly gan damarlar) äň-ýüz tötwerekde ýerleşmegi ýa-da oňa ýakynlygy käbir halatlarda ýaralanmalaryň geçişine we olaryň netijelerine öz täsirini ýetirýär.

Ýaralananyň aňynyň ýitmegine getirýän kelle-beýniniň sarsgyny we müçükmesi seýrek bolmadyk halatlarda agyr gaýrüzülmelere we oňaýsyz netijelere getirmek bilen, onuň umumy ýagdaýyny agyrlaşdyrýar.

Äň-ýüz töwereginiň ýaralanmasy bolanlara ilkinji lukman kömegini bermegiň esasy wezipesi jan howpy boýunça kömek bermekdir, ýagny gan akmany saklamak, demikmäniň (asfiksiýanyň) we şogyň (özünden gitmeginiň) öňüni almak hem-de olara garşy göreşmekdir. Ejir çekende ygtybarly ulag berkitmesini amala aşyrmaly we ýokançlar täsiri netijesinde gaýrüzülmeleriň döremeginiň öňüni alýan şertler döredilmelidir.

## 8.2. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ŞIKESI BOLANLARY ULAGDA ALYP GITMEK

Ýaralananlara ilkinji kömek berlenden soňra, olaryň aglabasy düzüminde hirurgik stomatalogiýa bölümleri (ýa-da ýatym ýerleri) bolan we äň-ýüz töwereginiň hirurglary, hirurg-stomatologlar işleýän hassahanalara eltilmelidir. Ol ýerde bolsa doly göwrümde ýöriteleşdirilen kömek we bejergi berilýär.

Ulagda alnyp gidilmezinden öňünçä lukman näsagyň umumy ýagdaýyna baha bermelidir (näsagyň ulagda alnyp gidilmeginiň mümkinçiligi kesgitlenilmelidir), şeýle hem ýolda gaýrüzülmeleriň, ilkinji nobatda bolsa gan akma we demikme döremezliginiň öňüni almak üçin hemme çäreler görülmelidir.

Gan akmasynyň öňüni almagyň iň bir ýönekeý, emma netijeli usullarynyň biri ýaralanany oturan ýagdaýynda ulagda alyp gitmekdir we bu ýagdaýda äň-ýüz töwe-

reginiň zeperlenmesi bolanlaryň aglabasy ulagda alnyp gidilip bilner. Näsagy şeýle ýagdaýda ulagda alyp gitmek köp babatda demikmäniň hem öňüni alýar.

Eger-de ejir çeken köp gan ýitirmekden ýa-da şokdan soňra huşunda däl bolsa, şeýle hem utgaşykly şikesler (ýaralanmalar) bolsa we ulagda ýatan ýagdaýynda alnyp gidilýän bolsa, onda olara amatly ýagdaý bermeli – ýüzün, kellesini gapdala öwrüp arkan ýa-da gapdalyna ýatyrmaly (*108-nji surat*). Eger-de diliň berkitmesi amala aşyrylan bolsa, onda onuň ygtybarlydygy ejir çeken ulaga mündürilmezinden (ýüklenilmeginden) öň hökman barlanylmalydyr.



*108-nji surat.* Äň-ýüz töwereginiň şikesi bolanlary ulagda alyp gitmek

Näsagy suw ýa-da howa ulagynda alnyp gidilende, näsagyň gusmak howpy hem-de onuň bilen baglanyşykly bolan maddalaryň demine düşme demikmesini döretmek howpy ýüze çykýar. Bu ýagdaýda äňara sim berkitme aýrylan bolmalydyr (wagtlaýyn äňara sim berkitme, seýikleriň ilgençeklerine dakylan rezin halkalar). Ýürek bulanmanyň («deňiz keseliniň») öňüni almak üçin ýaralanana gaýtarmaklyga garşy serişdeleri ulanmak maslahat berilýär.

Eger-de ejir çekeniň aşgazanyna turbajyk salnan bolsa, onuň berkidilişini barlamaly. Ony ýaňaga, burna, gulaga ýelimli ak hasa zolagy (leýkoplastyr) bilen berkidýärler, aşgazanyň içine gitmezligi üçin turbajygynyň ujuna hyrly dyky dakýarlar.

Agyz boşlugynyň ýaralanmalarynda, köplenç, tüýkülik we ýara suwuklygy bilen sargy ezilýänligi hem-de ýylyň sowuk howaly döwründe dokumalaryň sowuk almagynyň öňüni almak üçin zeperlenen ýer ýeterlik derejede ýyladylmalydyr.

Ýaralananyň ýany bilen gidýän saglygy goraýyş işgäri uly arteriýalara barmak bilen basyp gan akmany wagtlaýyn saklap bilmelidir.

Eger-de ulagda alyp gitmegiň wagty 4-5 sagatdan geçýän bolsa, äň-ýüz töweregi ýaralananyň ýany bilen gidýän saglygy goraýyş işgäri oňa seretmegi we naharlamagy başarmalydyr, şeýle hem näsaga seretmek we naharlamak üçin serişdeler (rezin turbajykly ýörite nahar gaby, agyz boşlugyny ýuwmak üçin armyt şekilli jür-

dekli rezin pökgi) ýanynda bolmalydyr. Şeýle-de ýeterlik mukdarda näsaga gerek bolaýjak derman serişdeler bolmalydyr (şoga garşy derman serişdeleri).

### 8.3. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGI ÝARALANANLARA WAGTLAÝYN (ULAG) BERKITMESINI GOÝMAK

Äňleriň zeperlenmesinde döwük bölekleri berkitmek ilkinji kömek bermegiň hökmany görnüşidir. Hatda ýönekeýje, emma wagtynda amala aşyrylan berkitme äňleriň döwükleriniň gaýrüzülmeleriniň öňüni alýar, şüňk bölekleriniň ýiti gyralarynyň damarlary zeperlemegi bilen döräp biljek gan akmany azaldýar ýa-da aradan aýyrýar, agyryny azaldýar. Äň döwük böleklerini berkitmek ýerinden süýşme demikmesiniň (dislokasion asfiksiýanyň) öňüni alýar we bejerginiň netijeli bolmagyna ýardam edýär. Ilkinji kömek berlende wagtlaýyn berkitmegiň iň bir elýeterli usuly kelle-eňek sapança şekilli sargy goýmakdyr. Taýýar hasa zolagy (bint) ýa--da ýara daňylýan özbaşdak hasa bukjasy (indiwidual paket) bolmadyk halatynda üçburç ýaglyk görnüşinde mata bölegini ulanýarlar (*109-njy a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*109-njy a, b suratlar.* Äňleriň döwüklerinde wagtlaýyn hasa sargylary:
*a* – aşaky äňiň döwüklerinde kelle-eňek sargysy; *b* – ýokarky äňiň döwüklerinde taýajygyň kömegi bilen goýlan sargy

Sapança şekilli sargy aşaky äňiň döwüklerinde hem ulanylyp bilner. Ýumşak sapança şekilli sargy nah matadan we ýasy eşik rezin bölekleriden taýýarlanyp bilner. Ony tikmek üçin A 4 ölçegli kagyzyň ½ böleginiň ölçegindäki (kelle telpejik bölegi üçin) we ⅛ böleginiň ölçegindäki (eňek sapança bölegi üçin) 3-4 gatly nah mata gerek. Ýokardaky ölçeglerde gatlanan matalary uzynlygyna epleýärler we onuň eplenen ýeriniň gyralaryndan üçburç şekilde artykmaç bölegini kesip aýyrýarlar hem-de kesilen ýerleriň gyralaryny berk tikýärler. Şeýlelik bilen, uly we kiçi ölçegde okara şekilli mata bölekleri emele gelýär, olary bolsa 8-12 *sm* uzynlykdaky rezin bölekleriň kömegi bilen birleşdirýärler (her tarapdan 2 sany rezin zolagy) (*110-njy surat*). Ýokarky äňiň döwüginde sargynyň kömegi bilen aşaky äň dişleri-



*110-njy surat.* Ülňüleýin taýýar ýumşak sapan şekilli sargy

niň biri-birine galtaşma ýagdaýyna getirip, ýokarky äňiň aşak sallanan bölekleri (ýa-da äňiň tutuş özi) saklanýar we olaryň ýerinden süýşmeginiň öňi alynýar. Emma kelle-beýni şikesi bilen geçýän äňleriň döwüklerinde, aýratyn hem ýokarky äňiň döwüklerinde, demikmeleriň döremek howpy sebäpli sapança şekilli sargy goýlandan soňra näsag doly gözegçilikde bolmalydyr we onuň gusmagy ýaly alamatlar dörände, sargy gowşadylmalydyr ýa-da aýrylmalydyr. Aşaky äňiň gyýak dişleriniň deňesindäki iki taraplaýyn döwüklerde sargynyň rezinleriniň dartylmagy süňk böleginiň ýerinden süýşmegine getirip we demikme döredip bilýänligi sebäpli sapança şekilli sargyny ulanmaýarlar.

Aşaky äňiň döwük bölekleriniň wagtlaýyn berkidilmesi üçin äňiň eňek bölegi görnüşinde galyň kagyzdan (kartondan), linoleumdan ýa-da ýuka deriden ýasalan sapança-seýik ulanylyp bilner. Hasa zolagy (bint) ýa-da bagjyklar arkaly kelle depesine berkidilen taýýar sapança seýik süňk bölekleriniň süýşmeginiň öňüni alyp berk saklaýar.

Ýokarky äňiň döwüklerinde ony wagtlaýyn berkitmek üçin inçe tagtany (çyzgyç görnüşindäki) ýa-da mala şekilli lukmançylyk guralyny ýa-da ony ýatladýan başga bir zady ulanmak bolar. Munuň ýaly seýik ýokarky äňiň dişleriniň aşagyna salynýar we onuň agyzdan çykyp duran gyralaryndan hasa zolagy (bint) ýa-da ýüp bilen kelle depesine berkidilýär.

## 8.4. DIŞLERIŇ ÇYKYKLARY WE DÖWÜKLERI

### 8.4.1. Dişiň çykygy

Bu dişiň süýşmegine getirip, onuň bagjygynyň we berkidilip saklanýan ýeriniň zeperlenmegidir. Köplenç, ýokarky äňiň, seýrek aşaky äňiň süýt we hemişelik alyn dişleri çykyga sezewar bolýar. Diş öz öýjügi bilen baglanyşygyny ýitirende we ýumşak dokumalar bilen saklanyp duranda ýa-da öýjüginden gaçanda, **doly çykyk** bolýar. Diş öz öýjügi bilen baglanyşygyny doly ýitirmän, yrgyldap, gapdala gyşaryp, garşydaş dişe tarap uzalyp duran ýagdaýynda **doly däl çykyk** ýüze çykýar. **Çykyk kakylan** görnüşde bolup biler we bu ýagdaýda diş äň süňküniň öýjükli böleginiň içine girýär, onuň boýy peselýär.

Kesel kesgitlemesini ýerli we rentgen barlagyň esasynda goýýarlar. Rentgen suratda dişiň kök yşynyň endigan bolmadyk giňelmesi, köküň diş öýjüginiň içinde ýerleşişiniň üýtgemesi ýüze çykarylýar (*111-nji a, b suratlar*).

*a)*



*b)*



*111-nji a, b, suratlar.* Dişleriň çykyklary:
*a* – çep tarap birinji alyn dişiň doly däl çykygy (giňän kök daşynyň yşy);
*b* – sag tarap birinji alyn dişiň kakylan çykygy (kök daşynyň yşy kesgitlenilmeýär)

**Bejergisi.** Gyssagly ýagdaýda hirurg-stomatolog ýa-da başarnygy bar bolan stomatolog-lukman tarapyndan amala aşyrylýar. Diş çykygy bejerilende, lukmanyň hereketleri näsagyň ýaşyna, onuň umumy ýagdaýyna, şikes ýeriniň anyk ýagdaýyna, çagalarda bolsa, diş köküniň emele gelşiniň derejesine baglydyr.

*a)*



*b)*



*112-nji a, b suratlar.* Dişleriň çykyklary:
*a* – 11-nji dişiň doly däl çykygynda goýlan sim seýik; *b* – düz sim seýigiň we kompozit petikleýjiniň kömegi bilen çykan dişleriň berkidilişi

Hemişelik dişiň **doly däl** çykygynda dişi düzetmek we sim (*112-nji a surat*) ýa-da plastmassa seýik bilen berkitmek görkezilendir. Häzirkizaman stomatologiýasynda giňden ornaşan kompozit petikleýjiler tekiz ýaý şekilli seýikleri berkitmek üçin hem üstünlik bilen ulanylýar (*112-nji b surat*). **Kakylan** görnüşdäki çykykda, adatça, diş düzedilmeýär we diş müçükmesindäki ýaly bejergi geçirilýär. Dişiň **doly çykygynda** we onuň öz öýjüginden doly gaçanynda diş gyssagly ýagdaýda täzeden ýerine oturdylmalydyr (dişiň replantasiýasy), emma ol şol wagt mümkin bolmadyk

ýagdaýynda zyýansyzlandyrylan sowuk fiziologik erginde (mümkin bolsa sanjym antibiotigi garylan) ýa-da arassa selofana salnyp, buz tokgalarynyň arasyna ýerleşdirilip hünärmene getirilmelidir (3-4 sagada çenli). Dişi täzeden ýerine oturtmak (replantasiýa) diş öýjügi ýuwlup arassalanandan soňra, dogry ýerleşdirilen dişi seýik bilen berkitmekde jemlenendir, emma dişiň mylkygyny aýyrmak hem-de petiklemek (kök ujuna çenli) oturdylmazyndan öň elde saklanyp ýa-da diş berkidilenden soň geçirilip bilner.

### 8.4.2. Dişiň döwükleri

Dişiň boşlugy açylmazdan, diş boşlugynyň açylmagy bilen, dişiň boýunjygy boýunça, diş köküniň, şeýle hem täji we köki boýunça geçýän dik görnüşli diş döwükleri duş gelýär (*113-nji a, b, ç, d, suratlar*). Dişiň boşlugy zeperlenmezden (açylmazdan) döwügi dörände näsagyň arzy bolman hem biler (diş syrçasynyň sähelçe uçujagy), köplenç gyzgyn, sowuk we himiki gyjyndyrmalara duýgurlyk döreýär. Diş boşlugynyň açylmagy bilen täç böleginiň we dişiň boýunjygy boýunça döwüginde ýokarda sanalan alamatlar güýçli bildirýär, güýçli agyry ýüze çykýar. Açylan diş pulpasy ganaýan gyrmyzy nokat görnüşinde bolýar we gysga wagtyň dowamynda oňa ýokanç düşýär hem-de çişme hadysa pulpit ýüze çykýar. Diş köküniň orta we uç bölekleriniň döwügine dişiň yrgyldysy we gyşarmasy häsiýetlidir.



*a)* *b)* *ç)* *d)*

*113-nji a, b, ç, d suratlar.* Diş döwükleri:
*a* – diş boşlugy açylmazdan täjiniň döwügi; *b* – diş boşlugy açylmagy bilen täjiniň döwügi; *ç* – diş köküniň döwügi; *d* – dişiň dik döwügi. Rentgenogramma görnüşinde çekilen suratlar

Dişiň döwüklerinde agyz içre diş rentgen suraty (*114-nji surat*) ýa-da tutuş äňiň gözýetim şekilli (panorama) rentgen suraty (esasan hem, äňiň şikesine şübhelik edilse) örän wajyp ähmiýetlidir.

**Bejergisi**. Berilýän kömegiň göwrümi döwügiň ýeri, häsiýeti we näsagyň ýaşyna (uly adam ýa-da çaga) baglylykda kesgitlenýär. Diş pulpasy açylmazdan syrçanyň we dentiniň döwüginde täç böleginiň ýiti gyralaryny ýylmaýarlar, kähalatlarda bolsa ýokary duýgurlygy peseldýän ýörite hamyrlar, ftor lak çalynýar. Owadanlyk nuklaýnazaryndan dişiň döwlüp uçan gaty dokuma bölegi petikleý-

jiler bilen dikeldilip bilner. Diş pulpanyň açylmagy bilen täjiniň we onuň boýunjygy boýunça döwüklerde gyssagly ýagdaýda (ýerli agyrysyzlandyrma bilen) diş pulpasy aýrylmalydyr we kök akabasy petiklenmelidir. Bu ýagdaýda dişiň täji petikleýjiler, emeli täç ýa-da gazykly diş bilen dikeldilmelidir. Dişiň köki döwlende, ony saklamak her bir ýagdaýda özbaşdak çözülýär. Bu maksat üçin tekiz sim seýikler, plastmassa geýdirgiç-seýikler ulanylýar (bir kökli dişlerde). Dişiň köküniň ujy döwlende diş berkleşenden soň onuň akabasyny petikleýärler we kök ujuny kesip aýyrmak (rezeksiýa) amalyny geçirýärler. Diş öýjüginiň diwarlarynyň zeperlenmegi bilen ýüze çykan köküniň orta böleginiň döwüginde, şeýle hem dişiň dik döwüginde olary, köplenç, sogurýarlar. Çagalarda diş döwükleriniň bejergisiniň birnäçe aýratynlyklary bar.



*114-nji surat.* Çep tarap birinji alyn dişiň pulpasy açylmazdan täjiniň döwügi we doly däl çykygy; sag tarap birinji alyn dişiň köküniň döwügi. Rentgen surat

## 8.5. ÄŇLERIŇ ÖÝJÜKLI ÖSÜNTGISINIŇ DÖWÜKLERI

Öýjükli ösüntginiň döwükleri hem seýrek däldir. Aşaky äň bilen deňeşdirilende ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň döwükleriniň has köp duş gelýändigini bilmelidir. Bu ýagdaý ýokarky äňiň dişleriniň we öýjükli ösüntgisiniň aşaky äňiň dişlerini we öýjükli ösüntgisini ýapýanlygy we äňiň öňünde duranlygy bilen düşündirilýär. Äň dişleriniň we öýjükli ösüntgileriniň beýle gatnaşygy öň tarapda has gowy bildirýär. Mundan başga-da, ýokarky äň öýjükli ösüntgisiniň ölçegleri aşaky äň öýjükli ösüntgisinden 2 esse uludyr.

Öýjükli ösüntginiň döwükleriniň häsiýetli alamatlary – äň süňk bölegi bilen bilelikde birnäçe dişiň zeperlenme yrgyldysy, diş etiniň nemli bardasynyň ýyrtylmagy, döwlen öýjükli ösüntginiň süýşmeginiň, köplenç, şikes döreden güýjüň (urgynyň) ugry boýunça bolmagy we onuň netijesinde dişleýşiň (okklýuziýanyň) bozulmagy, güýçli agyry duýgulary ýüze çykýar. Örän seýrek halatlarda öýjükli ösüntginiň (köplenç, onuň bellibir böleginiň) gopýan halatlary duş gelýär. Geçirilen rentgen barlagy (agyz içre diş suratlary, äňiň gözýetim şekilli – panorama rentgen suraty) bu döwükleriň gözden geçirilmeginiň ýüze çykaran alamatlarynyň üstüni dolýar we rentgen barlagy esasynda döwlen öýjükli ösüntgide ýerleşen dişiň bütewüligi barada maglumat almak bolýar (*115-nji a surat*).

Äňleriň öýjükli ösüntgisiniň döwükleriniň **bejergisi** ýeterlik wagt alýar we hirurg-stomatolog tarapyndan geçirilýär.

Öýjükli ösüntgi gopan ýagdaýynda gaýragoýulmasyz lukman kömegi hirurgik arassaçylyk geçirmekde we gyralarynyň nemli bardasyna ketgut tikinler goýmakda jemlenendir. Mundan başga-da, agyz boşlugy zyýansyzlandyryjy erginler bilen oňat

a)  b) 

*115-nji a, b suratlar.* Aşaky äňiň öýjükli ösüntgisiniň döwügi:
*a* – rentgen surat; *b* – düz sim seýigiň kompozit petikleýjiniň kömegi bilen dişlere berkidilişi

ýuwlandan soňra (wodorodyň öteturşusynyň 3%-li erginine ezilen hasa tokgalary bilen oňat süpürmek, furasiliniň 1:5000 erginine çaýkamak), nowokainiň ýa-da lidokainiň 0,5-2%-li ergini bilen agyrysyzlandyrma geçirýärler (sanjym siňdirme we sebitleýin). Soňra süňk kertgiji bilen öýjükli ösüntginiň ýiti gyralaryny aýyrýarlar. Agyz bosagasy we dil (kentlewük) tarapyndan süňk bardaly -nemli barda kesim böleklerini goparýarlar we mümkin boldugyça süňki ýapyp ketgut tikinleri goýýarlar.

Eger-de öýjükli ösüntginiň döwük bölegi ýumşak dokumalar bilen (süňk bardaly nemli barda örtgi gatlak bilen) bütewüligini ýitirmedik bolsa we ejir çekeni hünärmene ugratmak mümkinçiligi bolmasa, onda agyrysyzlandyrma geçirip döwük bölegini düzetmeklige we ony sargy simiň kömegi bilen gapdalyndaky dişlere berkitmeklige synanyşmaly. Munuň üçin gapdalyndaky berk duran iki dişiň boýunjyklaryndan aýlanyp geçýän sekizlik şekildäki bronza-alýumin sargy simi döwügiň dişleri boýunça dowam edip, onuň beýleki gapdalyndaky azyndan iki sagdyn dişde tamamlaýarlar. Emma has gowusy öýjükli ösüntginiň döwük böleginiň iki tarapdan gapdalyndan azyndan iki, üç sany berk duran dişleri bilen bilelikde tekiz alýumin sim seýik goýmakdyr. Diş etiniň ýyrtylan nemli bardasy mümkin boldugyça tikilmelidir. Çalt gataýan plastmassadan ýasalan geýdirgiç-seýik hem ulanylyp bilner. Şeýle-de, kompozit petikleýjiniň kömegi bilen düz sim seýigi dişlere berkidip bolar (*115-nji b surat*). Ortaça bir aý töweregi berkidip saklanandan soňra döwük böleginiň dişleri barlanylmalydyr we gerek bolan halatynda bejerilmelidir (diş pulpasy aýrylyp akabanyň petiklenmegi).

## 8.6. AŞAKY ÄŇ ÇYKYGY

Agyz giň açylanynda kadaly ýagdaýda aşaky äň bogun ösüntgisiniň kellejigi bogun içre tegelek kekirdewük bilen bilelikde, bogun tümmejiginiň yzky ýapgy-

dyna direlip durýar. Bogun ösüntginiň kellejiginiň bogun tümmejiginden öňe tarap geçmegine tümmejigiň beýikligi, onuň bagjyklary we muskullaryň ýygrylmagynyň togtamagy päsgelçilik döredýär. Emma käwagt aşaky äň has aşak süýşeninde, ýagny agyz has giň açylanynda, bogun kellejigi typyp, bogun ösüntginiň öň ýapgydyna tarap geçýär we bir ýa-da ikitaraplaýyn çykyk döreýär (*116-njy a surat*).

a) 

b) 

*116-njy a, b suratlar.* Aşaky äňiň öň tarap çykygy:
*a* –aşaky äňi çykan näsagyň görnüşi; *b* – çykan äňiň salnyşyndaky hereketler

Orta ýaşly aýallarda aşaky äň çykyklarynyň has köp duş gelýänligi şular ýaly birnäçe beden gurluş aýratynlyklary bilen düşündirilýär: gowşak bogun bagjyklarynyň bolmagy we bogun çukurjygynyň, köplenç, çuň bolmazlygy. Bular bolsa bogun kellejiginiň öňe tarap süýşmegini ýeňilleşdirýär. Orta ýaşda bogun tümmejigi oňat bildirýär we ol ýerinden süýşen bogun ösüntgisiniň kellejiginiň yzyna, adaty ýerine bolan hereketine päsgelçilik döredýär.

Aşaky äň çykyklary öň tarap we yz tarap, birtaraplaýyn we ikitaraplaýyn bolýar. Şeýle hem ýiti (ilkinji gezek) we endikleşen (häli-şindi döreýän) çykyk görnüşleri bar.

Köplenç ýagdaýlarda, **öň tarap ikitaraplaýyn çykyk** ýüze çykýar. Ol agyz has giň açylanynda (pallanynda, diş sogrulanynda, urguda) ýüze çykýar. Näsagyň agzy ýarym açyk ýagdaýda bolup, aşaky äň aşak sallanýar we has öňe çykyp durýar. Ýaňaklary çekilen (düzlenen ýagdaýda), gulak ýelkenleriniň öňündäki serkeler (gulak ýelkeniniň öňündäki kekirdewük) ellenilende çöketlik ýüze çykarylýar. Aşaky äňi bilen hereket edip, gepläp, iýmiti çeýnäp bilmeýär. Näsagyň aşaky äňiniň mejbury ýagdaýy, bogun bardasynyň we bagjyklarynyň süýnmegi güýçli agyry döredýär, agzyndan tüýkülik akýar.

Aşaky äňiň **birtaraplaýyn çykygynda** näsagyň agzy ýarym açyk ýagdaýda, eňegi bolsa sagdyn tarapa – çykmadyk bogun tarapa gyşaran. Aşaky äňiň endikleşen çykygy we ýarym çykygy, köplenç, 15-den 40 ýaşa çenli aýal-gyzlarda duş gelýär. Aşaky äňiň endikleşen çykygynyň, köplenç, ýüze çykýan alamatlary bogundaky şakyrdy we yzygiderli agyry bolup durýar.

Yz tarap çykyk örän seýrek duş gelýär we ol eňek sebitine öňden yza tarap urguda ýüze çykýar. Äňiň bogun kellejigi yza süýşýär. Bu käwagt bogun bardasynyň ýyrtylmagyna we daşky gulak deşiginiň süňk diwarynyň döwülmegine getirýär hem-de onuň netijesinde daşky gulakdan gan akmasy mümkin.

**Endikleşen çykyk we ýarym çykyk** aşaky äňiň düz bogun kellejigi hem-de düz bogun tümmejigi bolan bognuň gowşak bagjyklary we süýnen bogun bardasy bolan adamlarda ýüze çykýar. Bu ýagdaýlarda çykyk pallanylanda, aşaky äňe basylanynda, üsgüreninde we asgyranynda döräp bilýär. Onuň özüniň salynmagy we äňiň bogun kellejiginiň öz dogry ýagdaýyna lukman el degirmezden süýşüp, ýerine barýanlygy häsiýetlidir.

**Bejergisi.** Aşaky äňiň çykygyny salmazdan öňünçä näsaga agyry aýryjylary sançýarlar: 2-3 *ml* analginiň 25%-li ýa-da 50%-li ergini, 1-2 *ml* promedolyň 1%-li ýa-da 2%-li ergini, soňra bolsa Berşe boýunça dulugasty ýol bilen agyrysyzlandyrma geçirýärler. Köp wagt geçen, durnugşan çykyklarda bihuş etmek arkaly muskullar gowşadylýar. Näsagyň aşaky äňiniň derejesi lukmanyň aşak goýberilen elleriniň tirsekleriniň deňinde bolar ýaly pes oturgyçda oturdylýar. Näsagyň kellesini arka tarapynda duran kömekçi saklaýar. Lukman näsagyň öňünde durýar, başam barmaklaryny (hasa ýa-da hasa ýaglyjak saralan) näsagyň agzyna salýar we uly azylaryň çeýneýji tarapyna goýýar. Beýleki barmaklary bilen aşaky äňiň bedenini daş tarapdan tutýar. Ýuwaş-ýuwaşdan basyş görkezip, bogun kellejiklerini bogun tümmejikleriň derejesinden hem biraz aşak süýşürýär, soňra bolsa biraz yza iteklemek bilen aşaky äňiň bogun kellejiklerini öz ýerlerine eltýär. Iň soňky hereketde häsiýetli şykyrdy bolup geçýär. Aşaky äňiň hereketleri erkin amala aşyp başlaýar (*116-njy b surat*).

Näsaglaryň lukmanyň uly barmaklaryny dişlemeginiň öňüni almak üçin, olary agyz bosaga giňişligine salmak we aşaky äňiň uly azylarynyň deňesinde daşky gytak çyzyklar sebitinde saklamak teklip edilýär. Bu ýagdaýda barmaklaryň uçlary bilen azylaryň yzyndaky üçburçluklary basýarlar we dyrnaklar bilen äňiň şahalarynyň öň gyralaryna diräp durýarlar. Äň salnandan soňra 10-15 günüň dowamynda sapança şekilli sargynyň ýa-da Aýwi boýunça sim sargynyň kömegi arkaly aşaky äňi ýokarky äňe berkidip saklamak gerek. Käwagtlar üstünden köp wagt geçen, durugşan çykyklary amal geçirip salmaly bolýar.



*117-nji surat.* Aşaky äňiň çykygynda dişlere goýlan wagtlaýyn äňara sim sargy

Endikleşen çykygy we ýarym çykygy, adatça, näsaglar özbaşdak salýarlar. Çekge-aşaky äň bognunyň çykyklarynyň bejergisi ortopedik we hirurgik bolup biler. Ortopedik bejergi aşaky äňiň hereketlerini

çäklendirýän enjamlary ýasamak we ulanmak bilen birlikde şu çäreleri geçirmekden ybarat bolup durýar: aşaky we ýokarky azylara aralary poliamid sapak bilen baglanan sargyly (*117-nji surat*), ýenjilip ýasalan emeli demir täçleri geýdirmek (Burgonskaýanyň-Hodorowiçiň enjamy), agzyny açanynda aşaky äňiň şahasynyň öň tarap gyrasyna direýän ösüntgisi bolan ýokarky äň seýigini ýa-da aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny ulanmak (Ýadrowanyň seýigi). Bejerginiň amal usullary bogun tümmejiginiň beýikligini artdyrmaklyga, bogun oýtumyny çuňlaşdyrmaklyga, tümmejigiň öňünden aşaky äňiň bogun kellejigi üçin goşmaça päsgelçilik döretmeklige, bognuň daşynyň bardasyny berkitmeklige gönükdirilendir.

## 8.7. ÄŇLERIŇ DÖWÜKLERI

### 8.7.1. Aşaky äň döwükleri

Aşaky äň döwükleri asuda döwürde, şeýle hem harby şertlerinde has köp duş gelýär. Maglumatlara görä ýüzüň süňkleriniň döwükleriniň 75--80%-ini aşaky äňiň döwükleri tutýar.

Aşaky äňiň ok degen däl döwükleri, köplenç, çyzyk görnüşinde bolup, gowşak ýerlerde duş gelýär (orta çyzyk boýunça, gyýak dişiň ugry we burçunda, bogun ösüntginiň düýbi we boýunjygy, eňek deşiginiň ugry) (*118-nji*, *119-njy suratlar*).



*118-nji surat.* Aşaky äňiň, köplenç, döwülýän ýerleri («gowşak» diýlip atlandyrylýan ýerler)



*119-njy surat.* Aşaky äňiň ikitaraplaýyn döwügi (sag tarap bogun ösüntginiň we çep tarap bedeniniň). Rentgen surat

Aşaky äňiň döwügi orta çyzyk boýunça ýerleşeninde dilasty süňk üstüniň muskullarynyň deňagramly çekmekleri netijesinde äňiň bölekleriniň süýşmegi sähelçe bolýar ýa-da asla bolman biler. Çeýneýiş muskullaryň çekmegi netijesinde äňiň aşaky gyrasy boýunça sähelçe yş emele gelip biler. Döwük gyýak dişiň deňe-

sinde ýerleşende äň bölekleriniň süýşmegi has bildirip durýar. Çeýneýiş muskullaryň ýygrylmagy netijesinde kiçi bölek ýokaryk, biraz öňe we içe tarap süýşýär. Aşaky äňi aşak çekýän muskullaryň iki tarapdan hem ýygrylmagy, şeýle hem ganat görnüşli muskulyň birtarapdan çekmegi netijesinde äň uly bölegi aşak we şikes bolan tarapa süýşýär. Döwük şunuň ýaly ýerleşeninde döwlen äňiň böleklериniň basgançak görnüşli ýerleşiş ýagdaýy ýüze çykýar.



*120-nji surat.* Aşaky äňiň sag tarap burçunyň ýerinden süýşmedik döwügi. Rentgen surat

Gyýak dişden çeýneýji muskulyň öň gyrasy aralykda aşaky äň bedeniniň döwüginde äň döwük böleklerиniň süýşmegi gyýak dişiň deňesiniň döwügindäki ýaly bolup geçýär. Aşaky äň burçunyň döwüklerinde äň böleklerиniň süýşmeginiň käbir aýratynlyklary bar. Eger-de döwük yşy çeýneýji muskulyň birleşme çäklerinde bolsa, onda, adatça, süýşmek ýüze çykmaýar (*120-nji surat*). Haçanda döwük yşy bu muskulyň yzyndan geçýän bolsa äň şahasy ýokaryk, öňe we içgin süýşýär. Öň tarapdaky uly bölek bolsa aşak sallanýar we biraz döwük tarapa süýşýär.

Bogun ösüntginiň döwüginde äň gysga böleginiň süýşmegi urgy güýjüniň ugry we gapdal ganat görnüşli muskulyň çekmegi netijesinde bolýar. Äňiň uly bölegi biraz ýokaryk we şikes tarapa süýşýär. Käbir halatlarda dişleriň gatnaşygy hem bozulýar. Bogun ösüntgileriniň iki taraplaýyn döwüklerinde olar gapdal ganat görnüşli muskullaryň ýygrylmagy netijesinde öňe we içgin süýşýär.

Goşa ýa-da ikitaraplaýyn döwüklerde äň böleklerиniň süýşmek ýagdaýy has-da çylşyrymlaşýar . Aşaky äň bedeniniň gyýaklaryň ýa-da kiçi azylaryň deňesindäki iki taraplaýyn döwüginde dilasty süňk üstüniň muskullarynyň ýygrylmagy netijesinde ortaky bölek aşak we yza süýşýär we bu ýerinden süýşme demikmä getirip biler. Munuň ýaly gaýrüzülmeler, köplenç, ok degen döwüklerde ýüze çykýar.

Aşaky äňiň diş hatarynyň çäklerindäki döwüklerine süňk bölekleriň ýerinden süýşmeginden we dişleriň gatnaşygynyň bozulmagyndan başga-da, agyz boşlugynyň nemli bardasynyň zeperlenmegi hem häsiýetlidir. Äňýany dokumalaryň zeperlenmegi aşaky äň hereketleriniň çäklenmesine getirýän çişme hadysasynyň döremegine ýardam edýär, aýratyn hem bu ýagdaý döwük äň burçunda ýa-da şahasynda duş gelende ýüze çykýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda aşaky äňi döwük näsaglaryň agyzlary ýarym açyk we ondan gan garyndyly tüýkülik akýar. Köplenç ýagdaýlarda, aşaky äň nerw ulgamynyň zeperlenmegi netijesinde döreýän aşaky dodagyň we eňegiň deri üstüniň duýgurlygynyň bolmazlygy ýa-da peselmegi, dişleriň elektrogyjyndyryjylygynyň bozulmagy bilen döreýär.

Aşaky äň döwüklerini ýüze çykarmak üçin, aşaky äňi üç ugur boýunça basyp barlamak usulynyň wajyp ähmiýeti bar. Aşaky äň bedeniniň (gapdal tarapy), burçunyň we şahasynyň döwügi bolanda eňege öňden yza basylanda agyry döreýär. Aşaky äň eňek böleginde döwük bolan ýagdaýynda äňiň burç töwereklerine iki tarapdan daşdan içine tarap basylanda agyry döreýär. Aşaky äň bogun ösüntgisiniň we tutuş şahasynyň döwügi bolanda, burç töwereginde äňiň aşaky gyrasyndan ýokaryk tarap basylanda agyry döreýär.

### 8.7.2. Ýokarky äň döwükleri

Ýokarky äňiň ok degen däl döwükleriniň bölünişigi 1900-nji ýylda Le For tarapyndan teklip edilen. Bu kesel bölünişige dürli düşünilýändigini, şeýle hem usuly häsiýetli talaplary göz öňünde tutup, ýokarky äň döwüklerini üç derejede seljermek gerek: aşaky, orta we ýokarky (*121-nji a, b, ç, suratlar*). Ýokarky äňiň **aşaky dereje boýunça** döwüginde döwük yşy öýjükli ösüntginiň we gaty kentlewügiň ýokarsyndan keseligine, armyt görnüşli deşigiň asak çetinden, pahna görnüşli süňküň ganat şekilli ösüntgisine çenli geçýär. Şeýle hem burun perdesi döwülýär, agyz boşlugynyň, burnuň we ýokarky äň boşlugynyň nemli bardasy zeperlenýär. Döwük yşyndan aşakdaky dişler ýerleşen öýjükli ösüntgi yrgyldaýar, ýagny öýjükli ösüntgi-äň bölünmesi bolýar (Ýokarky äňiň Le For I döwügi).



*a)* *b)* *ç)*

*121-nji a, b, ç suratlar.* Ýokarky äňiň Le For boýunça döwük görnüşleri:
*a* – birinji (aşaky dereje boýunça); *b* – ikinji (orta dereje boýunça);
*ç* – üçünji (ýokarky dereje boýunça)

Ýokarky äňiň **orta dereje boýunça** döwüginde döwük yşy burun süňkleriniň, gözhananyň içki diwarynyň üstünden keseligine geçip aşaky gözhana yşyna ýetýär. Soňra ol gözhananyň aşaky gyrasy boýunça ýokarky äň duluk süňki bilen birleşmesi boýunça gidip, yza aýlanyp, pahna görnüşli süňküň ganat şekilli ösüntgisinden geçýär. Şeýlelik bilen, orta dereje boýunça döwlende ýokarky äň burun süňkleri bilen bilelikde duluk süňkünden we kelleçanak süňklerinden bölünýär, ýagny äň-ýüz bölünmesi bolýar (Ýokarky äňiň Le For II döwügi) (*122-nji surat*).



*122-nji surat.* Ýokarky äňiň Le For II döwüginde ýüz süňkleriniň kompýuter tomografik (3 D – üç ölçegli) şekili

Ýokarky äň **ýokarky dereje boýunça** döwüginde döwügiň çyzygy öň tarapdan orta dereje boýunça döwükdäki ýaly geçýär. Soňra ol gözhananyň gapdal diwary we gapdal gyrasy boýunça geçip, pahna görnüşli süňküň ganat şekilli ösüntgisiniň töwereginde tamamlanýar. Kelleçanagyň süňklerinden ýokarky äň, burun süňkleri bilen bilelikde duluk süňkleri hem bölünip aýrylýar. Şol sebäpli hem beýle döwüge doly kelle-ýüz bölünmesi diýip at berilýär (Ýokarky äňiň Le For III döwügi).

Ýokarky äň orta we ýokarky derejejeler boýunça döwükleri agyr geçişi bilen tapawutlanýarlar. Häsiýetli alamatlary: ýokarky äňiň yrgyldamagy, ýüzüň orta üçden bir böleginiň beýikliginiň uzalmagy ýa-da gysgalmagy, gözhana, gabaklara we gözasty töweregiň derasty gatlagyna gan inmegi («äýnek» alamaty), agyzdan we burundan gan akmagy, ýokarky äň nerw ulgamynyň gutarýan şahalarynyň ýaýraýan ýerlerinde dokumalardaky duýgurlygyň ýitmegi, dişleriň gatnaşygynyň düýpli bozulmagy.

Ýokarky äň bölekleriniň süýşmeginiň esasy sebäpleri urgynyň ugry we güýji, şeýle hem äň bölekleriniň öz agramlary bolup durýar. Ýokarky äňiň orta we ýokarky derejeler boýunça döwüklerinde burundan gan akmagy has güýçli bolup biler. Sebäbi ol diňe bir burnuň we ýokarky äň boşlugynyň nemli bardasynyň ýyrtylmagy netijesinde bolman, eýsem, güýçli ganakma öýjükli süňke zeper ýetmegi, şeýle hem ol ýerden geçýän içki uky arteriýa ulgamyndan bolan öň we yz tarap öýjükli süňk arteriýalarynyň zeperlenmeleri bilen hem döreýär. Kelleçanagyň düýbüniň utgaşykly döwüginde näsagyň ýagdaýy örän agyr, huşunyň ýitmegi, burundan we gulaklardan gan bilen bilelikde beýni suwuklygynyň akmagy, ýeňse muskullaryň dartgynlygy we beýleki kelle beýni alamatlary hem ýüze çykarylyp bilner.

### 8.7.3. Äň döwükleriniň bejergisi

Äň döwükleriniň bejergisiniň maksady zeperlenen süňküň bütewüligini we işjeňligini dikeltmek bolup durýar. Ol döwük böleklerini düzetmek we berkitmek bilen gazanylýar, emma ilkibada birnäçe umumy we ýerli gaýrüzülmeleri aýyrmak boýunça çäreler görmeli (şok ýa-da demikmä garşy göreş, ganakmany saklamak we gan ýitgisini dolmak). Äň açyk döwüklerinde ejir çekene deri içre barlagdan soňra bürmek keseline garşy derman goýberýärler (3000 *HB* halkara birligi).

**Ilkinji lukman we hünärmen kömegi** berleninde, şeýle hem ejir çeken barmaly ýerine alnyp gidilende äň döwüklerini wagtlaýynça hasa ýa-da ülňüleýin taýýar sargylaryň kömegi bilen berkidýärler (kelle direg telpejigi, gaty eňek sapany, ýumşak sapan şekilli sargy). Ülňüleýin sargylar bolmadyk ýagdaýynda telpejigi we eňek sapanyny birnäçe gat gipslenen hasa zolagyndan ýasamak bolar. Telpejige we eňek sapanyna çeýe berkitme goýmak üçin alýumin simden ilgençekler berkidilýär.

Döwükleriň wagtlaýyn berkitmesini dişara sim sargysy bilen hem amala aşyryp bolar. Sim sargylary aşaky äň diş hatarynyň çäklerindäki döwüklerde ulanmak bolar. Äňara sim sargysy äň burçunda ýa-da şahasynda döwük bolup, döwük bölekleriniň düýpli süýşmedik ýagdaýlarynda ulanylyp bilner. Äňiň döwük bölekleriniň munuň ýaly sim berkitmesi näsagda gusmak we demikme howpy bolanynda ulanylmaýar. Sargy üçin galyňlygy 0,4-0,5 *mm* bronzo-alýumin simi iňňe gysgyjy bilen dişara yşdan geçirýärler, aşaky äň iki dişiniň boýunjyklaryndan sekizlik görnüşinde aýlap alýarlar we soňra gural bilen çekdirip çepden saga tarap aýlap towlaýarlar. Şonuň ýaly sim sargysyny ýokarky äňiň garşy iki dişine hem goýýarlar. Mundan soňra ýokarky we aşaky sim sargylaryň uçlaryny biri-biri bilen towlaýarlar, artykmajyny aýyrýarlar we egip goýýarlar. Döwuk bölekleriniň sim bilen sargysynyň görnüşi bolan Aýwi usulyny getirmek bolar (*123-nji surat*). Şeýle hem äňara sim sargysynyň ýönekeý usuly bar.



*123-nji surat.* Aýwi boýunça äňara sim sargysy.
Sargyny goýmagyň yzygiderli tapgyrlary

Aşaky äňiň iki taraplaýyn eňek döwüginde, orta bölek has yza süýşeninde we onuň bilen baglanyşyklylykda dil damaga süýşüp gaýrüzüleninde, bu döwük bölegini gips kelle direg telpejigine berkidilen merdiwan şekilli direge çekdirip goýýarlar.

**Ýöriteleşdirilen kömek.** Aşaky äň bölekleri ýerinden süýşen döwüklerinde bejergini olaryň el bilen düzedilmeginden başlaýarlar we ony ýerli agyrysyzlandyrma ýagdaýynda, ejir çeken bejeriş edara geleninden soňra, ilkinji sagatlaryň dowamynda amala aşyrmak gerek. Döwük böleklerini wagtlaýynça sim sargysy bilen berkidýärler we ýeterlik sanda dişler bolanynda dişlere berkidilýän sim seýikleri goýmaklyga girişýärler. Käbir ýagdaýlarda (köpsanly döwüklerde, döwük bölekleri has gapdala süýşeninde we olar berk duranlarynda) äňiň her bir döwük bölegine aýratyn seýik goýmak meselesi ýüze çykýar. Döwük bölekleri ýerine düzedileninden soňra, ilgençekli sim seýikler goýýarlar we çeýe äňara çekdirme amala aşyrylýar.

Dişlere berkidilýän sim seýikler goýulmazyndan öň aşaky äňiň döwük yşynda ýerleşen dişi saklap galmak ýa-da sogurmak meselesi çözülýär. Döwük yşyndan ýokanç ojagy bolan çüýrük diş (karies) ýa-da şikes netijesinde zaýalanyp döwlen, döwük böleklerini düzetmeklige päsgelçilik berýän, dişýany dokuma keseli bolan III we IV derejeli yrgyldaýan dişler sogrulýar. Aşaky äňiň ok degen däl döwüklerinde döwük yşynda ýerleşen sagdyn dişleri sogurmaýarlar. Emma käbir ýagdaýlarda olaryň mylkygynda ýüze çykýan yzyna gaýtmaýan çişme-zeperlenme üýtgemeler olary doly bejermek bilen, şikesiň oňaýsyz netijeleriniň öňüni almak üçin şeýle dişleriň yzygiderli barlagynyň (dişiň tok duýujylygyny barlamak we rentgen surat barlagy bilen) gerekligine şaýatlyk edýär. Aşaky äňiň döwük böleklerini sim seýikler bilen berkidip saklamagyň möhleti ortaça 25-30 gün. Zeperlenmäniň häsiýetine, gurşap alan ýumşak dokumalaryň ýagdaýyna we näsagyň ýaşyna baglylykda bu möhlet üýtgäp biler. Çişme gaýrüzülmelerde berkidip saklamaklygyň dowamlylygy 6 hepdä çenli artyp biler. Agyz boşlugyna we dişlere berkidilen seýiklere yzygiderli ideg gerek. Bir günden köp wagt salman döwük bölekleriniň berkidilişiniň ýagdaýyny barlap durmaly, gowşan sim sargylary berkitmeli, rezin halkalary çalyşmaly, ýaňagyň we dişetiniň nemli bardasyna batyp duran seýik ilgençekleri we sim sargylary bar bolan ýagdaýynda olary düzetmeli. Eger-de şeýle adaty usullar bilen süňk böleklerini düzetmek we berkitmek mümkin bolmasa, onda döwük böleklerini amal bilen düzetmek üçin süňk birleşdirme amaly görkezilen.

Ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň töwereginde aşaky dereje boýunça döwüklerde dişe berkidilýän sim seýikler ulanylyp bilner. Agyz içre berkidilmäniň üstüni agyzdan daşary berkitme bilen ýetirýärler (direg gips telpejigi we sapan, kelle-eňek çeýe berkitme). Şeýle hem simden ýasalan agyz içre we agyzdan daşary seýikleri ulanmak we olary ýokarky äňiň dişlerine hem-de seýigiň agyzdan çykýan bölegi arkaly direg telpejige berkitmek bolar (*124-nji surat*).



*124-nji surat.* Ýokarky äňiň döwüginde berkitmek üçin agyzdan çykýan ilgençekli bütewi sim seýigiň ýasalyşynyň tapgyrlary (Zbarž boýunça)

Ýokarky äň orta we ýokary derejeler boýunça döwüklerinde yzygiderlilikde berkitmegiň wagtlaýyn we hemişelik usullaryny ulanýarlar, haçanda ejir çekeniň

umumy ýagdaýy agyr bolanynda, şikesden soňraky ilkinji hepdäniň dowamynda ýokarky äňiň döwük böleklerini berkitmegi matadan tikilen direg telpejigiň we eňek sapanynyň kömegi bilen amala aşyrýarlar. Ýokarky äň aşak sallanan yz bölek-lerini iteklemek üçin aşaky äňiň azylaryna sargy simler bilen galyňlygy 5 *mm* rezin böleklerini berkidýärler. Ýokarky äň has yza süýşen ýagdaýynda ony gips kelle telpejigine berkidilen «guş çüňki» ýaly çykyp duran sim ilgençek ýa-da merdiwan şekilli seýik arkaly öňe çekmek görkezilen. Şeýle hem bu maksat üçin näsagyň kel-lesiniň dik ýokarsynda döredilen daýanç nokadyny hem ulanmak bolar. Ýokarky äň bilen kelle süňkleriniň arasyndaky şunuň ýaly «ýumşak» berkidilmeden 7-10 gün soňra fibroz birleşme emele gelýär. Mata telpejigi gips hasa zolagyndan ýasalanyna çalyşýarlar, ýokarky we aşaky äňleriň dişlerine ilgençekli sim seýikler berkidýärler we olara rezin halkalar bilen äňara berkitme goýýarlar, agyzdan daşary berkitmäni saklaýarlar. Ýokarky äňiň döwüklerinde seýik bilen ýokarky äňi öz ýerinde kellä tarap çekdirip saklamakda ýörite, näsaglaryň äňlerinden alnan nusgalaryň esasynda ýasalan, agyzdan çykyp duran ilgençekleri bolan diş, dişeti-diş sim we plastmas-sa seýikler (Aržansew we Limberg boýunça plastmassa seýikler we ş.m.), şeýle hem ülňüleýin taýýar seýikler we enjamlar (Zbaržyň enjamy, Limberg we Rauer boýunça plastmassa seýikler we ş.m.) oňat netijeler berýär (*125-nji surat*). Emma näsagyň dişýany dokumalarynyň keselleri bolanynda ulanylýan seýikler we enjamlar keseliň beterleşmesini ýa-da gaýrüzülmesi-ni döredip bilýär. Şeýle hem olaryň käbirleri dişleýşi bozýarlar ýa-da ulanmak oňaýsyz bolýar. Agzalan kemçilikleri aradan aýyr-mak maksady bilen ýokarky äň döwük-lerinde agyzdan çykýan ilgençekli kent-lewük düz plastmassa seýigi teklip edilýär (Orazwaliýew A. I., Annaberdiýew S. D., 1994). Ol näsagyň äňlerinden alginat se-rişdeler bilen ýörite usul arkaly alnan galyplaryň esasynda guýlup taýýarlanylan gips nusgalary boýunça diş ussahanasyn-da ýasalýar (*126-njy surat*). Esasy bölegi diňe gaty kentlewügi örtýän düz plast-massa seýik bolup, onuň içinden geçýän 3-4 *mm* galyňlykdaky polat sim ozal ýiti-rilen azylaryň ýerlerinden ýa-da iň soňky azylaryň yzyndan aýlanyp, agyz bosagasy-na geçýär we agyz burçunyň deňelerin-de daşyna çykyp, ýaňaklaryň daş ýüzleri



*125-nji surat.* Ýokarky äň üçin Limbergiň ülňüleýin taýýar ölçeg çemçe seýigi



*126-njy surat.* Ýokarky äňiň agyzdan çykýan ilgençekli kentlewük düz plastmassa seýigi

boýunça yza gaýdýarlar. Soňra ozal ulanylýan usul boýunça kelle daýanç telpejigine (ýa-da tahýasyna) berkidilýär. Görkezmeler boýunça bejerginiň amal usullaryny ulanýarlar.

Äň açyk döwüklerinde, şeýle hem cişme hadysa dörän ýagdaýlarynda ýokanja garşy bejergi geçirilýär. Süňk dokumasynyň bitişini güýçlendirmek üçin fiziki bejergi ulanylýar. Ilkinji 10 günüň dowamynda has ýokary ýygylykly elektrik toguň meýdany (*HÝÝ*), soňraky 10 gün – kalsiniň hloridiniň 10%-li ergininiň elektroforezi ulanylýar. Näsaglarda bile geçýän üç şahaly nerw ulgamynyň şahalarynyň şikes zeperlenmesiniň güýçli agyry duýgulary we ýüzüň pes duýgurlygy ýüze çykanynda neýrotrop dermanlary belleýärler (dibazol, $B_1$, $B_{12}$ witaminler), şeýle hem nowokainiň 4%-li ergininiň ýa-da kaliý ýodidiniň 10%-li ergininiň elektrosiňdirmesini belleýärler.

### 8.7.4. Sim seýikler. Olary goýmaga degişli görkezmeler. Ýasalyşynyň we berkidilişiniň usuly

Äň döwük böleklerini berkitmek üçin, köplenç, galyňlygy 1,8-2 *mm* alýumin ýa-da 0,6-1 *mm* bolan polat simden ýasalan dişe berkidilýän seýikleri ulanýarlar. Dişe berkidilýän seýikler bir äň üçin, iki äň ýa-da, düz ýa-da äňara çekdirme we äň böleklerini berkitmek üçin ilgençekli görnüşlerde bolup bilerler. Şeýle hem direg egremli seýikler ulanylýar (*127-nji a, b, ç, suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*127-nji a, b, ç suratlar.* Sim seýikleriň görnüşleri:
*a* – düz sim seýik; *b* – direg egremli sim seýik;
*ç* – ilgençekli sim seýikler we äňara çeýe berkitme

Bir äň üçin niýetlenen seýigi aşaky äňiň diş hatarlarynyň çäginde çyzyk şekilli döwüklerde, onuň kiçi böleginde azyndan 2-3 sagdyn, yrgyldamaýan diş bolanynda we döwük böleklerini bir gezekleýin hereket arkaly aňsatlyk bilen düzedip bolanynda ulanýarlar. Bir äň üçin niýetlenen seýik aşaky ýa-da ýokarky äň öýjükli ösüntgisiniň döwüklerinde hem, haçanda şikes ýetmedik beýleki ýerlerinde ýeterlik sanda sagdyn we berk dişler bolanynda ulanylyp bilner.

Ilgençekli seýikleri aşaky äň döwüklerinde: diş hatarynyň çäginden daşardaky, haçanda ýerinden süýşen bölekleri bir gezekleýin hereket bilen düzedip

bolmaýan döwüklerde; iki we köpsanly döwüklerde; uly bolmadyk süňk kemtigi bolan döwüklerde ulanmak görkezilen. Iki äň üçin niýetlenen ilgençekli seýikleri döwük böleklериniň süýşmegi bilen bolan ýokarky äňiň döwüklerinde hem goýýarlar. Şeýle ýagdaýlarda goşmaça gips bint zolagyndan eňek sapanyny, direg telpejigi ýasaýarlar we agyzdan daşary çeýe berkitme amala aşyrýarlar. Äňleriň döwüklerinde olaryň ikisini hem seýiklemek aşaky we ýokarky äňlerde ýeterlik sanda berk we sagdyn dişler bolan ýagdaýynda mümkindir.

Direg egremli sim seýik az sanly dişler bolmanynda ýa-da döwük böleklerini bir gezekleýin hereket bilen düzedip bolmaýan süňk dokumanyň sähelçe kemtiginde ulanylyp bilner. Süňk dokumanyň kemtiginde ilgençekli we direg egremli sim seýigi ýasamak maksadalaýykdyr.

Sim seýikleri ýasamak üçin aşakdaky gurallar we serişdeler gerek: 1) krampon atagzysy; 2) düz uçly atagzy; 3) demir kesýän gaýçy; 4) demir üçin orta dereje çyzykly ige; 5) adaty jübtek; 6) diş jübtegi; 7) iňňe saklaýjy gysgyç; 8) alýumin ýa-da polat sim; 9) bronzo-alýumin sargy simi; 10) ýogynlygy 5 *mm* rezin turbajykdan kesilip ýasalan halkalar.

Diş hatarlarynyň ýagdaýyna (doly, doly däl), aýry-aýry dişleriň ýerleşişlerine baglylykda seýigiň ujuny dişiň boýunjygynyň ýaňak, yz we dil (kentlewük) taraplaryndan tutýan egri ilgençek görnüşinde ýasaýarlar ýa-da dişara yşyna (onuň ýarysyna çenli) girýän egri uç görnüşinde ýasaýarlar. Seýigiň haýsy-da bolsa bir ujunda egri ilgençek ýa-da egri uç ýasanlaryndan soňra, ony degişli yzygiderlilikde egreldip, ilgençek ýasamaga başlaýarlar. Seýikde her ilgençek ýasalyp egreldileninde, ony näsagda barlap görýärler. Dogry ýasalyp egreldilen seýigiň her bir diş bilen galtaşýan nokady bolmalydyr. Seýik ýasalanda aşakdaky tertibi berjaý etmeli: ony krampon atagzysy ýa-da ýönekeý atagzy bilen egreldiljek ýerinden biraz daşgyn berk saklamaly we onuň erkin ujuny barmaklar bilen egreltmeli. Ilgençekler diş aralarynda däl-de, dişiň täjiniň deňesinde ýerleşdirilen bolmaly. Ilgençekler her tarapda azyndan 2-3 sany bolmalydyr. Olaryň aradaşlygy 10-15 *mm*, uzynlygy 3,5-4 *mm*. Ilgençekleri seýigiň kese tekizligine 35-40$^{0}$ burç bilen egreldilen şekilinde ýa-da tirsek şekilinde ýasaýarlar (*128-nji surat*).



*128-nji surat.* Ilgençekli sim seýigiň ýasalyş usulynyň tapgyrlary (Rauer boýunça)

Seýigi dişlere bronzo-alýumin sim bilen berkidýärler. Sargy üçin simi agyz bosagasy tarapdan dişara yşdan geçirip we ony ýene yzyna dil ýa-da kentlewük tarapdan dişiň beýleki gyrasy boýunça agyz bosagasyna geçirýärler. Sargy siminiň bir ujuny seýigiň aşagyndan, beýleki ujuny bolsa ýokarsyndan geçirýärler. Ondan soňra seýigi barmak bilen diş ýaýyna degrip, sargy siminiň iki ujuny hem iňňe saklaýjy gysgyç bilen tutýarlar we olary bilelikde sagat diliniň ugry boýunça towlaýarlar. Simler dişiň boýunjygyny doly tutar ýaly çekdirilip towlanylmalydyr. Simiň towlanan ýerini 5-7 *mm* uzynlykda goýup, artykmajyny demir gaýçy bilen kesip aýyrýarlar we ony seýige degşirip, egip goýýarlar (ýokarky äňiň seýigininiň aşak ýüzüne we aşaky äňiň seýigininiň ýokary ýüzüne). Sargy simler geçirilende diş etiniň emzijiklerine şikes ýetirmeli däl (*129-njy a, b, ç suratlar*). Seýigi berkitmegi tizleşdirmek üçin, ol goýulmazyndan öňünçä dişara yşlaryna sargy simleri geçirip goýmak bolar. Ondan soňra seýigi salýarlar we sim sargylary towlap çykýarlar.



*a)* *b)* *ç)*

*129-njy a, b, ç suratlar.* Düz sim seýigi sargy sim bilen dişlere berkitmek:
*a*- düz sim seýigiň berkidiliş düzgüni; *b* - näsagyň aşaky äňiniň eňek bölegininiň döwüginiň görnüşi; *ç* - düz sim seýigiň näsagyň aşaky äňine berkidilen görnüşi

Seýikler berkidilenden soňra rezin halkalary dakýarlar. Köplenç, döwük böleklerininiň düzedilmegi bir gezekleýin hereketde amala aşýar. Ýeňil yrgyldamaýan döwük böleklerininiň düzedilmegi birnäçe sagada we hatda güne hem çekýär, şeýle hem berkidilýän sim seýigiň kömegi bilen amala aşyrylyp bilner (*130-njy a, b, ç suratlar*). Munuň ýaly ýagdaýlarda garşylyklaýyn galtaşýan dişleriň arasyna galyňlygy 5 *mm* rezin zolagyny ýerleşdirýärler we ony sargy sim bilen berkidýärler. Şeýle rezin zolagy arkaly döwük bölekler ýerine barýar (*131-nji surat*). Simden seýik ýasap wagt ýitirmezlik maksady bilen poslamaýan ýuka demirden önümçilikde ýasalan ülňüleýin zolak görnüşli seýikler hem ulanylýar (*132-nji surat*).

Aşaky äň döwüklerinde sim seýiklerden başga-da, agzynyň içinde dişleriň üstünde çalt gataýan plastmassadan taýýarlanylýan geýdirgiç-seýikler (äň öň tarapynda ýerinden süýşmedik döwüklerde we ýeterlik dişler bolanynda), şeýle hem Porta we Wankewiç boýunça ýasalan plastmassa seýikler ulanylyp bilner (*133-nji a, b, suratlar*).



*130-njy a, b, ç suratlar.* Aşaky äňiň döwük böleklerini sim seýik bilen giňeldip (*a*), golaýladyp (*b*) we dikligine süýşürip (*ç*) düzetmeklik



*131-nji surat.* Aşaky äňiň ýerinden süýşen dişsiz bölegininiň daşyna kseroformly hasa dolanan rezin bölegi bilen düzedilişi (rentgen surat)



*132-nji surat.* Wasilýewiň ülňüleýin taýýar zolak görnüşli demir seýikleri



*133-nji a, b suratlar.* Porta (*a*) we Wankewiç (*b*) boýunça seýikler

### 8.7.5. Äň döwükleriniň bejergisiniň amal usullary

Döwükleriň bejergisiniň amal usullary döwlen ýeri ýumşak dokumalarda geçirilen kesimler arkaly açmagy, göz astynda bölekleri ýerine goýup düzetmegi we olary biri-biri bilen berkitmegi göz öňünde tutýar.

Aşaky äň döwüklerini amal usuly bilen berkitmekligiň aşakdaky görnüşleri bar: a) ýörite polat ýa-da tantal sim bilen; b) metal çişler bilen; ç) tikiji enjamlar bilen; d) agyzdan daşryn enjamlar bilen (Rudko enjamy); e) kiçi plastinalar bilen; ä) basyşly süňk birleşdirme üçin enjamlar bilen.

Aşaky äň ok degen däl döwükleriniň amal bejergisine umumy görkezmeler döwük böleklerini ýerine düzetmekligi we berkitmekligi diňe adaty usullary bilen (dişe berkidilýän sim seýikler we diş-ussaçylyk bölümde taýýarlanan ortopediya enjamlary) netijeli amala aşyryp bolmazlygy bolup durýar.

Amal bejergisine görkezme dişsiz äň döwükleri, burç döwüklerinde kiçi bölegiň düzedip bolmazlygy, aýratyn hem süňk arasyna ýumşak dokuma düşmegi bolup durýar. Ýeterlik sanda sagdyn diş bolup, aşaky äň diş hatarynyň çäklerindäki döwüklerde amal bejergi usulynyň ulanylmagy ýalňyş bolup durýar. Aşaky äň ok degen döwüklerinde ýaranyň ilkinji hirurgik arassaçylygy geçirilýänligi sebäpli, amal bejergisine görkezmeler has giňdir.

Aşaky äň ok degen däl döwüklerinde köp halatlarda amal bejergisini ýerli agyrysyzlandyrma (sebitleýin we siňdirme) ýagdaýynda amala aşyrýarlar. Döwük böleklerini berkitmegiň dürli görnüşlerinde hem amalyň usuly birmeňzeşdir (amalyň tamamlaýjy tapgyryna çenli). Ýüzüň derisini spirt we ýoduň 2%-li ergini bilen arassalaýarlar. Ýumşak dokumalara 0,5%-li lidokain siňdirileninden, sebitleýin agyrysyzlandyrma geçirilenden soňra, äň aşaky gyrasyna ugurdaş edip, 5-8 *sm* uzynlykda kesim geçirýärler. Ýumşak dokumalary gatma-gat kesip we goparyp, döwük ýerini açýarlar. Süňk ýarasyny ykjam barlaýarlar, süňk dokumanyň ýaşaýşa ukypsyz ýerlerini we erkin ýatan bölejiklerini aýyrýarlar, ýenjilip mynjyran ýumşak dokumalary kesip aýyrýarlar. Amalyň tutuş dowamy boýunça ygtybarly gan saklaýarlar. Süňk böleklerini ýerlerine goýup, düzedýärler we ýokarda sanalan görnüşleriň biri bilen berkidýärler. Gatma-gat edip nemli barda, muskula, derasty gatlaga, derä tikin goýýarlar. Ýaranyň içine 24-48 *sag* dowamynda suwuklyk çykaryjy rezin zolagy goýulýar.

Äň döwük böleklerini onuň bedeniniň, burçunyň we şahasynyň çyzyk görnüşli we süňk bölekli döwüklerinde, muskullar güýçli çekip durmadyk we süňk kemtigi bolmadyk ýagdaýlarda sim bilen berkidýärler. Her bölegiň döwük gyrasyndan 1 *sm* daşlykda togalak diş gyryjy bilen 1-2 deşik döredýärler. Deşiklerden galyňlygy 0,6-0,8 *sm* bolan ýörite simleri geçirýärler. Döwük bölekleri ýerlerinde goýlup düzedilenlerinden soňra simiň uçlaryny bilelikde çekýärler we sagadyň diliniň ugry boýunça towlaýarlar. Simiň artykmajyny kesýärler we onuň galan ujuny süňküň ýüzüne egýärler (*134-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar*).



*134-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar.* Aşaky äňiň sim bilen
süňk birleşdirme (osteosintez) amaly:
*a* – deri kesimi; *b* – çeýneýiş muskuly kesmek; *ç* – süňk bardasyny kesmek;
*d* – döwügiň gyralarynda togalak diş gyryjy bilen aňyrsyna geçýän deşikler döretmek; *e* – süňk bölekleri atagzyly towlamak arkaly ýörite sim bilen berkidilen; *ä* – ýarany gatma-gat tikmek

Metal çişleri äň orta we gapdal bölekleriniň, şahasynyň çyzyk görnüşli döwüklerinde, süňküň 2 *sm-e* çenli kemtigi bolanynda ulanýarlar. Döwlen ýer açylanyndan we bölekler ýerlerinde goýlup düzedilenlerinden soňra öň tarap bölekde, döwük gyrasyndan 2,5-3 *sm* daşlykda äň daş-aşaky gyrasy boýunça diş gyryjynyň, süýri süňk gyryjynyň ýa-da deşgijiň kömegi bilen süňküň öýjükli gatlagyna çenli döwüge tarap deşýärler. Süňk atagzylary bilen äň böleklerini dogry ýagdaýda saklap metal çişleri girizýärler. Güýçli muskul çekmesi bolanda äň böleklerini iki metal çiş bilen berkitmek gerek.

Aşaky äň süňk birleşdirme amaly üçin tikiji enjamlar hem teklip edilen we onuň kömegi bilen äň böleklerini kelep görnüşli egreldilen metallar bilen berkidýärler.

Agyzdan daşary enjamlar bilen döwük böleklerini berkitmekligi aşaky äň bedeniniň islendik ýerindäki kemtik 2 *sm* uly bolsa amala aşyrýarlar. Rudko enjamyny döwük ýeri açylanyndan soň goýýarlar. Döwük gyrasyndan azyndan 2 *sm* daşlykda edip süňk gysgyçlary äň bölekleriniň hersinde nurbat bilen berkidilýär. Soňra birleşdiriji bölek bilen uzynlygy we äň egrelýän şekiline gabat gelýän aralyk demir oklawjygy berkidýärler. Süňk kemtigi bolan ýagdaýynda äň bölekleriniň dogry ýerleşişini diş gatnaşygy boýunça barlaýarlar. Süňk gysgyçlary gowşanynda



*135-nji surat.* Aşaky äňiň döwüginiň kiçi plastina bilen süňk birleşdirme (osteosintez) amalyndan soňky ýagdaý (rentgen surat)



*136-njy surat.* Adams boýunça ýokarky äňiň süňk birleşdirme amaly

nurbatlary towlamak gerek. Bu usul äň bedenindäki, burçundaky we şahasynyň aşaky üçden bir bölegindäki çyzyk görnüşli we ownuk süňk bölekli döwüklerinde ulanylyp bilner.

Häzirki wagtda äň süňk birleşdirme amalyny, esasan, kiçi titan plastinalar bilen amala aşyrýarlar (*135-nji surat*).

Aşaky äňiň bitişmedik döwüklerinde, ýalan bogunlarynda basyşly süňk birleşdirme üçin enjamlary ulanýarlar. Bu enjamlaryň ýörite çeýe gurluşlary bilen döwük has doly we dogry biter ýaly, ykjam we hemişelik berkitmäni üpjün edýärler.

Ýokarky äň böleklerini ýeterlik sanda diş bolmasa we adaty ortopediýa usullary bilen düzedip bolmasa, Adams boýunça süňk birleşdirme amalyna ýüz urýarlar. Simiň bir ujunyň berkidilýän ýeri edip maňlaý süňküniň duluk ösüntgisini, duluk ýaýyny, gözhananyň aşaky gyrasyny ýa-da armyt şekilli deşigiň daş gyrasyny ulanýarlar. Egreldilen simi ýumşak dokumalaryň içinden geçirýärler we beýleki ujuny agyz içre seýige berkidýärler (*136-njy surat*). Ýokarky äňde ýeterlik sanda diş bolmasa simiň aşaky ujuny agyz boşlugyna çykarman, duluk-öýjükli ösüntgi gerşine berkidýärler. Bu döräp biljek çişme hadysanyň howpuny azaldýar.

Bejerginiň amal usulyna garşy görkezmeler bolanynda diş-ussaçylyk bölüminde ortopedik enjamlary ýasaýarlar.

## 8.8. DULUK SÜŇKÜNIŇ WE DULUK ÝAÝYNYŇ DÖWÜKLERI

Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwüklerini şikesiň ýerleşişine baglylykda içgin görnüşe (duluk ýokarky äň döwügi) we daşgyn görnüşe (duluk ýaýynyň we duluk süňküniň çekge ösüntgisiniň döwügi) bölmek amatlydyr.

Duluk-ýokarky äň döwügine häsiýetli bolan alamatlar, köplenç, şikeslenen tarapyň çökmeginde ýüze çykýan ýüzüň orta böleginiň sudurynyň üýtgemegi, agyry, duluk we ýaňak töwerekleriň gan inmeleri, göz toruna gan inmegi, gözhananyň aşaky gyrasynyň düz dälligi («basganças» şekilli), gözasty nerwiň şahalanýan ýeriniň ýüzleý duýgurlygynyň bozulmagy, goşa görmegi bolup durýarlar.

Duluk ýaýynyň döwükleri üçin döwük böleginiň içgin we aşak süýşmegi, çekge we duluk töwerekleriniň gan inmeleri, duluk ýaýynyň daşky gyrasy boýunça goşa «basgançak», duluk ýaýynyň ýerinden süýşen döwük böleginiň täç ösüntgä basmagy netijesinde aşaky äň hereketleriniň çäklenmesi häsiýetlidir. Ýüze çykarylan maglumatlary göni we boýun oňurga okunyň ugry boýunça alnan rentgen suratlardaky üýtgemeler tassyklaýarlar (*137-nji surat*).

Şeýle hem duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwükleri ýokarky äňiň döwügi bilen bir wagtda ýüze çykyp biler.



*137-nji surat.* Çep tarap duluk süňküniň döwügi (rentgen surat).

Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwüklerini salmaklyga ýüzüň bildirip duran gyşarmagy, nerw gysylmasy netijesindäki güýçli agyry we gözasty töwereginiň duýgurlygynyň peselmegi, aşaky äňiň hereketiniň bozulmagy, näsagyň goşa görmegi görkezme bolup durýar.

Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwüklerini amalsyz (dokumalarda kesim geçirmezden) we amal usuly bilen bejermek bolýar.

Amalsyz bejergi ýeňil ýerine barýan döwüklerde we şikesden 3 günden köp wagt geçmedik ýagdaýlarda görkezilen. Süýem (uly) barmagy agyz bosagasynyň geçiş ýygyrdynyň ýokarky aýlawynyň yz bölegine salyp, süýşen tarapyň garşysyna hereket etdirip, duluk süňküni (ýaýyny) salýarlar. Şeýle hem hasa dolanan mala şekilli ýasyja guraly, döwük ýaýyň aşagyndan geçirilen simi, Karapetýanyň gaňyrçajygyny ulanmak bolar.

Amal usullarynyň arasynda Limbergiň bir dişli ilgençegini ulanmak giň gerim alan. Ilgençegi duluk süňküniň aşaky gyrasy boýunça kese geçirilen çyzygyň we gözhananyň daşky gyrasy boýunça dik geçirilen çyzygyň çatrygy boýunça girizýärler, onuň aýlaw ýerini ýumşak dokumalaryň doly içine we şeýlelik bilen, onuň ujuny ýerinden süýşen duluk süňküniň iç ýüzünde ýerleşdirýärler. Döwlen süňki süýşmäniň garşysyna edilen hereket bilen ýerine salýarlar. Onuň ýerine dogry baranlygyna gözhananyň aşaky ýa-da daş tarap gyrasynda süňk çykyndysynyň aýrylmagy, agzynyň doly göwrümde açylmagy, duluk töwereginiň dokumalarynyň çöketliginiň aýrylmagy bilen baha berýärler. Duluk ýaýy döwlende ilgençegi onuň aşaky gyrasy boýunça süňk bökleleriniň çöken ýerinden girizýärler. Düzetmegiň galan hereketleri ýokarda aýdylanlardan tapawutlanmaýar (*138-nji surat*).



*138-nji surat.* Duluk süňküniň ýaýynyň Limberginiň ilgençegi bilen düzetmek amaly

Duluk süňküniň birnäçe süňk bölekli, ilgençek bilen salnandan soňra ýerinde durmaýan döwüklerinde süňk birleşdirme amal usuly bilen düzedilýär. Bu amal usuly umumy agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrylýar. Agyz boşlugynyň bosagasynda ýokarky geçiş ýygyrt boýunça geçirilen kesim bilen duluk süňküniň ýokarky äň bilen birleşmesini açýarlar, ýokarky äň boşlugyny barlaýarlar, arassalaýarlar, erkin ýatan süňk bölejiklerini aýyrýarlar. Gaşyň çeti boýunça geçirilen kesim bilen duluk süňküniň maňlaý süňk bilen birleşmesinde, seýrek halatda gözhananyň aşaky gyrasynda ýokarky äň bilen birleşmesinde sim bilen birleşdirme amala aşyrylýar. Duluk süňküni ýerine eltýärler we eger ýerinde durmasa ýokarky äň bilen birleşmesine tegek görnüşinde goýlan süňk bölegini ýa-da grafit implantyny goýup, ýokarky äň boşlugyny kseroformly hasa peltesi bilen dykyp dolduryp, duluk süňki galdyryp saklaýarlar. Kesilip döredilen ýaralary gatma-gat tikýärler. Bu ýagdaýda kiçi plastinalar bilen geçirilen süňk birleşdirme amaly has oňat netijeler berýär.

## 8.9. BURUN SÜŇKLERINIŇ DÖWÜGI



*139-njy surat.* Burun süňkleriniň döwükleri (taslama)

Burun süňkleri aýratynlykda ýa-da ýokarky äň bilen bilelikde şikeslenip bilýärler. Burun geçelgelerinden gan akmagy, burnuň daşky görnüşiniň gyşarmagy, burnuň sypjyryklary we ýaralary, burundan kynlyk bilen dem almak, gabaklaryň iç taraplarynyň ýellenmegi we gan inmeleri şikesiň häsiýetli alamatlary bolup durýar. Kellagyry we baş aýlanma döremegi hem mümkin (*139-njy surat*).

Gyşarma döremegi we burundan dem almaklygyň bozulmagy burun süňklerini düzetmeklige gözkezme bolup durýar. Döwlen burun süňklerini ýapylan ujuna rezin turbajyk geýdirilen iňňe tutulýan gysgyç ýa-da ýörite burun gaňyrçagy bilen düzedýärler. Gural bilen burun süňkleriniň böleklerine iç ýüzünden basyp we çep eliň barmaklary bilen daşyndan olary dogry ýagdaýda goýýarlar. Burundan dem alşy saklamak üçin burun deşiklerine rezin turbajyklar salýarlar we burun geçelgelerini kseroformly hasa pelteleri bilen doldurýarlar. Burnuň daş ýü-

zünden gips hasa sargy goýýarlar. Amal ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrma bilen geçirilýär (şikesden soňra 10-14 günüň dowamynda) (*140-njy a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*140-njy a, b suratlar.* Burun süňkleriniň döwügi bolan näsag (*a*) we süňkler düzedilenden hem-de berkidilenden soňky ýagdaýy (*b*)

## 8.10. ÝÜZÜŇ ÝUMŞAK DOKUMALARYNYŇ ŞIKES ÝARALARY. HIRURGIK ARASSALAMA GEÇIRMEGIŇ ESASLARY

Ýüzüň gelip çykyşy boýunça ok degen däl zeperlenmeleri äň-ýüz töweregine güýç täsiri netijesinde şikesi bolan näsaglarda duş gelýär. Olaryň sebäpleri durmuş, ulag, köçe, seýrek önümçilik we türgenleşik şikesleri bolup biler. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň şikes zeperlenmelerini esasy iki topara bölýärler:

**1)** diňe ýüzüň ýumşak dokumalarynyň zeperlenmeleri:

a) deri örtükleriniň ýa-da agyz boşlugynyň nemli bardasynyň bütewüligi bozulmazdan – müçükme;

b) deri örtükleriniň ýa-da agyz boşlugynyň nemli bardasynyň bütewüliginiň bozulmagy bilen – sypjyryklar, ýaralar.

**2)** ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we ýüz süňkleriniň utgaşykly zeperlenmeleri:

a) deri örtükleriniň ýa-da agyz boşlugynyň nemli bardasynyň bütewüligi bozulmazdan;

b) deri örtükleriniň ýa-da agyz boşlugynyň nemli bardasynyň bütewüliginiň bozulmagy bilen.

Ýumşak dokumalaryň zeperlenmeleri şikes ýetiren sebäbiň görnüşine we onuň täsiriniň güýjüne, ýaralanmanyň ýerleşýän ýerine baglylykda dürli-dürli bolýar.

**Sypjyryklar** (ekskoriasiýa) deriniň ýüzleý gatynyň zeperlenmesi, ýiti ýa-da kütek zatlaryň täsiri netijesinde çyzylyp, ýüze çykýar we sähelçe kapilýar ganakma bilen gyzaryp duran çyzyk ýa-da zolak (çäklenen ýer) görnüşde bolýar. Ol tiz gan gemrejigi bilen örtülýär.

**Bejergisi**. Sypjyryk ýeri zyýansyzlandyryjy erginler bilen arassalanýar: furasiliniň 1:5000 ergini, wodorodyň öteturşusynyň ergini (spirt, ýoduň we ýaşyl göwheriň spirt erginleri bilen arassalamak zeperlenen ýeri güýçli gyjyndyryp ýakymsyz duýgular, käbirleri bolsa deriniň meneginiň döremegine getirip bilýändigi üçin oňaýly däldir). Soňraky döwürde birnäçe sagadyň dowamynda emele gelen gan gemrejigine ýagly melhemler çalynýar (streptosid, furasilin melhemleri, solkoseril melhemi we ş.m.).

Sypjyryklar düýpli bejergini talap etmeýär we olar 7-10 günüň dowamynda aýrylýar.

Ýumşak dokumalaryň **möçükmesi (ýenjilmesi)** äň-ýüz töweregiň şikesleriniň köp döreýän zeperlenme görnüşidir we munda deriniň bütewüliginiň bozulmasy döremeýär. Äň-ýüz töweregiň gurluşynyň aýratynlyklary sebäpli (gan damarlara baýlygy, öýjükli näzik dokuma gatlaklarynyň barlygy) gysga wagtda zeperlenen ýeriň ýellenmesi we gan inmesi emele gelýär. Gan ingi, köplenç, deriniň içine siňen gögümtil görnüşde bolýar.

Kähalatlarda dokumalaryň gatlaklarynyň arasynda gandan dolan boşluk emele gelýär (gematoma). Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda bularyň hemmesi yüzüň süňkleriniň bilelikde dörän zeperlenmesiniň (duluk süňküniň ýa-da onuň ýaýynyň, burun süňkleriniň döwükleri) üstüni basýar we şu sebäpli hem süňk döwüginiň wagtynda bilinmän galynmazlygy üçin aýratyn ünsli bolmak gerek. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň müçükmesi bolanda süňk döwüklerini ýüze çykarmak üçin (ýerli barlagdan başga-da) rentgen barlagynyň ähmiýeti has-da artýar.

**Bejergisi.** Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň müçükmesi, adatça, hirurgik arassaçylyk çäresini talap etmeýär. Ony bejermekde zeperlenen ýeriň rahatlygyny döretmek, 1-2 günüň (24-48 sagat) dowamynda ýerli sowuk täsiri (her 2-3 sagatdan, gije ýatan wagtyny hasaba almazdan, 7-10 min) buzly meşijegi tutmak, şikesden 2-3 gün soňra ýyladyjy sargylary (kamfora, furasilin, streptosid melhemi, kamfora ýagy bilen) we sakgyç çeýnemek bellenilýär.

Onuň üstüniň derisiniň reňki ilkibada garamtyl-gök bolýar, 2-3 günden soňra ol solup başlaýar we ýuwaş-ýuwaşdan (2 hepde dowamynda) ýaşylymtyl-sary reňke geçýär. Boşluga ýygnanan gan (gematoma) iriňlän ýagdaýynda äň-ýüz töweregiň abssesiniň ýa-da flegmonasynyň bejeriliş düzgünleri esasynda bejergi amala aşyrylýar.

Ýiti zatlar bilen urguda ýüzüň ýumşak dokumalarynyň **ýaralarynyň** emele gelmegi mümkin. Ýara yşynyň çuňlugyna baglylykda ýüzleý (deriniň we derasty ýagly gatlagyň çäklerinde) ýa-da çuňňur (haçanda gan damarlar we nerwler bi-

len bilelikde muskullar zeperlenende) bolup bilýär. Ýüzüň ýaralary kähalatlarda agyz boşlugyna, burna, burunýany boşluklara geçip gidýär, başga ýerleriň – gulak-burun-bokurdak synalaryň, gözleriň, beýni kelleçanagynyň şikesleri bilen utgaşýar. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ýaralanmalarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri-de zeperlenmäniň görnüşi bilen agyrlygynyň biri-birine gabat gelmezligidir. Käwagt, dokumalaryň ýetmezçiligi ýa-da ony uly ýaly bolup görünýän ýaranyň açylyp duran gyralary ýerlerine goýlup tikilenden soňra şol wagt ýaralananyň keşbini üýtgedýär. Dokumalardaky ýalandan döreýän kemtikler deri-muskul kesim bölekleriň ýerinden süýşmegi we ýygrylmagy netijesinde döreýär.

Käbir ýaralarda özge jyns bölekleri galýar (demir, agaç, aýna bölejikleri we ş.m.). Metal jisimler, adatça, dürli ugurlar boýunça geçirilen rentgen barlagynda ýüze çykarylýar. Aýna bölejikleri rentgen suratda görünmeýär we olaryň ýerleşýän ýerini agyry döreýän ýerler boýunça ýüze çykarýarlar. Adatça, özge jynslar ýokanç bilen hapalanan bolýar we olaryň ýerleşýän ýeriniň töwereginde ýumşak dokumalarda çişme hadysasy ýüze çykýar (birnäçe günden).

Ýaralaýjy zadyň görnüşine we ölçeglerine hem-de zeperlenen dokumanyň häsiýetine baglylykda ýaralaryň kesilen, sanjylan, çapylan, ýyrtylan, dişlenen, möçügen, ýyrtylyp-möçügen, kesilip gopan we başga-da birnäçe görnüşleri bar (*141-nji surat*). Burunda, gulaklarda, dodaklarda we dilde haýwanlar ýa-da adam tarapyndan dişlenen ýaralar bolup bilýär. Kähalatlarda näsagyň özi hem dilini dişläp ýara döredýär (garaguş keseliniň tutgaýynda). Möçügen we ýyrtylan ýaralaryň gyralary mynjyran bolup bilýär, olaryň kemtigi bolup biler. Ýaranyň görnüşi örän köpdürli bolýar. Kesilen, sanjylan, çapylan ýaralar, adatça, açylyp durýar, dokuma kemtigi bolmazdan olaryň ganaýan tekiz gyralary bolýarlar. Olaryň oňat kesgitläp bolýan çuň içi bolýar. Çapylan ýaralar seýrek bolmadyk halatlarda süňk zeperlenmeleri bilen utgaşýar. Ýaralaryň geçişiniň ýagdaýlary köp babatda olaryň ýerleşişlerine bagly bolýar. Ýokarky ýa-da aşaky dodaklaryň zeperlenmeleri üçin töwerek muskulynyň zeperlenmeginiň netijesi bolan ýaranyň gyralarynyň açylyp durmagy, agyz boşlugynyň jebis ýapylmagynyň bozulmasy, agyzdan tüýkülik akyp çykmasy häsiýetlidir. Ýaralar agyz boşlugynyň içindäki maddalar bilen hapalanýar. Köplenç, dişler bilen zeperlenmegi netijesinde dodaklaryň nemli bardalary ýyrtylýar. Näsagyň naharlanmasy kynlaşýar, geplemesi bozulýar.



*141-nji surat.* Burnuň çep ganatynyň çapylyp gopan ýarasy

Gulakýany-çeýneýiş töwereginiň dokumalarynyň ýaralanmalary tüýkülik deşikleriniň emele gelmegine getirýän gulakýany tüýkülik mäziň, şeýle hem ýüzüň keşp

muskullarynyň wagtlaýyn ýa-da doly ysmazyna getirýän ýüz nerw ulgamynyň şahalarynyň zeperlenme mümkinçiligi bilen howpludyr. Esasy çeýneýiş muskulyň kesileninden soňraky bertik üýtgemeleri agzyň açylmasynyň bertik gysylmasyna getirip biler.

Äňasty töweregiň dokumalarynyň ýaralanmasynda ýüz arteriýasynyň we wenasynyň, äňasty tüýkülik mäziniň, seýrek halatlarda bokurdagyň ýa-da kekirdegiň, agyz boşlugynyň düýbüniň we diliň zeperlenmesi bolup biler.

Burnuň ýaralanmasy oňa ýakyn bolan dokumalaryň güýçli ýellenmesini, gan akmany döredýär. Burnuň kemtigi döräninde ýüzüň keşp owadanlygy bozulýar, ony bolsa diňe çylşyrymly dikeldiş amallar arkaly düzedip bolýar.

Aýlanýan diş gyryjy ýa-da ýalpak çanajyk şekilli dişleriň arasyny gyryp bölüji gurallar bilen agyz bosagasynyň we agyz boşlugynyň içiniň ýaralanýan halatlary hem seýrek däldir. Diş lukmanynyň diş gyryjy guraly kiçijik geçelge şekilinde çuňňur ýarany emele getirýär we hemişe ýokanç bilen hapalanan bolýar. Ondan gan akmany basyp durmak bilen saklap bolar. Soňra iriňlemäniň öňüni almak üçin ýokanja garşy dermanlary ulanmak gerek. Dişleriň arasyny gyryjy gural dürli çuňlukdaky kesilen ýaralary döredýär. Dilasty töweregiň ýaralary howpludyr we bu ýagdaýda diş gyryjy gurallar bilen diňe bir dil wenasy däl-de, eýsem, dil arteriýa hem kesilip bilner we bu Stomatologiýa merkeziniň ýa-da Saglyk öýüniň (gatnaw bejeriş) şertlerinde saklamasy kyn bolan gan akmanyň döremegine getirýär. Dil tiz ýellenip, onuň göwrümi ulalýar we bu demikmä getirip biler. Kähalatlarda bellibir daşlykda gan damaryny daňmaklyga (Pirogowyň üçburçlugynda daşky uky ýa-da dil arteriýasyny daňmaklyga), kekirdek deşigini döretmeklige ýüz urýarlar. Damarlardan başga-da, äňasty tüýkülik mäziniň akabasy, dil nerw ulgamy zeperlenip biler we bu ýagdaýlar ýatymlaýyn bejergini talap edýär. Diliň ýaralanmalary güýçli gan akma döredýär we ony ýarany tikmek arkaly saklap bolýar (eger-de dil arteriýasy zeperlenmedik bolsa).

Ýaranyň hirurgik arassalanmasy diýip ýaşaýşa ukypsyz ýumşak we süňk dokumalary kesip aýyrmakda, şeýle hem ýarada iriňleme görnüşinde gaýrüzülme döretjek dürli sebäpleri (gan akma, gan lagtasy, özge jyns we ş.m.) aýyrmakda we ony tikmekde jemlenen amala aýdylýar.

Ilkinji hirurgik arassalamasy bir pursatly we doly göwrümli amal bolmalydyr. Amalyň öňünden ejir çekeniň doly barlagy, şol sanda ýüzüň süňkleriniň rentgen barlagy geçirilen bolmalydyr. Ýaralanmanyň agyrylylygyna, amalyň dowamlylygyna we şikesliligine baglylykda ol ýa-da beýleki agyrysyzlandyrma görnüşi saýlanylyp alynýar (ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrma). Ýüzüň we agyz boşlugynyň dokumalarynyň ýokary bitijilik ukybyny, şeýle hem bedeniň bu bölegine – ýüze bildirilýän owadanlyk we işjeňlik talaplary nazara alyp, dokumalary kesip aýyrmak örän tygşytly, kesimler bolsa kiçi bolmalydyr. Agzyň içine geçýän ýaralarda agyz boşlugyny kaliniň permanganatynyň 0,2%-li ýa-da furasiliniň (1:5000) ýyly ergini bilen oňat ýuwýarlar. Soňra ýarany zyýansyzlandyrylan hasa bilen bekläp, onuň daş-töwereginiň derisini efirde ezilen hasa bilen süpürýärler, saçlary we

tüýleri syrýarlar, ýaranyň daş-töwereginiň derisini spirt we ýoduň 2%-li ergini bilen arassalaýarlar. Ýaranyň içinden gan lagtalary, özge jynslary, erkin ýatan süňk bölejiklerini aýyrýarlar, göz-görtele ýaşaýşa ukypsyz dokumalary kesip aýyrýarlar. Ganaýan damarlary daňýarlar. Gatma-gat ilkinji tikinler goýýarlar (*142-nji surat*). Şeýle hem gijikdirilen, irki, giçki tikinler goýlup bilner.



*142-nji surat.*
Ýüzüň we boýnuň kesilen ýarasy.
Ilkinji hirurgik arassalamadan soňra

Äň we ýumşak dokumalar zeperlenende, ilkinji nobatda süňk ýarasynyň hirurgik arassalamasyny geçirýärler. Aşaky ýa-da ýokarky äň öýjükli ösüntgilerine şikes ýeteninde döwlen dişleri, kökleri sogurýarlar, diş öýjüginiň bölejik süňklerini aýyrýarlar. Soňra ýarany tikmek arkaly agyz boşlugy bilen gatnaşygyny bekleýärler. Agyz boşlugynyň ýyrtylan nemli bardasyna tikin goýýarlar. Eger-de kemtik uly bolsa, ýaranyň gyralarynyň dartylmasyny aýryjy kesimleri geçirýärler, aýaklyja ýa--da garşylyklaýyn ýerleri çalşyrylýan kesim bölekleri bilen ýapýarlar.

Aşaky äň döwüklerinde erkin ýatan süňk böleklerini aýyrýarlar. Ýumşak dokumalar bilen baglanyşykda bolan süňk böleklerini aýyrmaýarlar. Olaryň ýalaňaçlanan ýerlerini muskul bilen ýapýarlar. Aşaky äň ok degen şikesinden soňraky döwük yşynda ýerleşen sagdyn dişleri hem sogurýarlar. Äň böleklerini ýerine düzedýärler we belli bolan usullaryň biri bilen dogry ýagdaýda berkidýärler (sim seýik, metal çiş, Rudko enjamy arkaly). Görkezmeler bolan ýagdaýynda we şertler bolanynda aşaky äň kemtiklerini öz süňki ýa-da başga beden süňki bilen bir pursatda amal geçirip düzedýärler. Ýokarky äňe şikes ýeteninde hem ýara tarapdan ýa-da agyz boşlugy tarapdan ýokarky äň boşlugynyň barlagyny geçirýärler, boşlugyň içinden gan lagtalary, içine düşen süňk bölekleri, özge jynslary aýyrýarlar, kseroformly pelte bilen dolduryp, bir ujuny aşaky burun geçelgesi boýunça döredilen emeli deşikden çykarýarlar, ýarany ykjam tikýärler.

Süňk dokumanyň hirurgik arassalamasyndan we äň bölekleriniň berkidilmesinden soňra, ýumşak dokumalaryň ýaralaryny ýokanja garşy derman erginleri bilen ýuwýarlar we onuň içine gyralaryny golaýlaşdyrmak üçin ketgut tikinleri goýýarlar. Ýarany gatma-gat tikmek gerek, ýüz keşp muskullary tikmek gerek, mümkinçilik bolan ýagdaýynda kesilen ýüz nerw ulgamynyň uçlaryny boşatmaly we inçejik sapak bilen nerw ulgamynyň daşy boýunça tikinler goýmaly, gulakýany tüýkülik mäziniň daşky bardasynyň bütewüligini dikeltmeli. Şikes ýetip üzülen tüýkülik akabasyny biri-birine tikýärler ýa-da onuň merkezi bölegini agyz



*143-nji surat.* Ýüzüň uly aňyrsyna geçýän kemtikli ýaralarynda agzyň we burnuň nemli bardasynyň deriniň gyralary bilen tikilip çykylmagy

boşlugyna çykaryp nemli barda tikýärler. Soňra ýaranyň içine rezin ellikden kesilen zolak salýarlar we derä tikin goýýarlar. Dodaklaryň we agyz töwereginiň golaý ýerlerinde (burun, gabaklar, gaşlar) ýaralaryň ilkinji hirurgik arassalamasy geçirilende, deri gutarnykly berk tikilýär we gerek bolan ýagdaýynda ilkinji plastikany geçirýärler. Kähalatlarda ýüzleý kemtikleri erkin geçirilen deri kesim bölegi bilen ýapýarlar. Boýnuň, gulakýany çeýneýiş we äňasty töwerekleriň ýaralaryna berk we gutarnykly tikin goýýarlar, emma hökmany suratda gan we ýara suwuklygy çykar ýaly rezin zolagyny ýaradan çykaryp goýýarlar. Giç geçirilen hirurgik arassalamada we dokumalaryň ýellenme we gataňsy ýagdaýynda ugrukdyryjy düwünli tikinleri goýýarlar. Ýumşak dokumalaryň uly, aňyrsyna geçýän kemtigi bolanynda we ilkinji plastikany geçirmek mümkin bolmasa, hirurgik arassalamany ýaranyň gyralaryny «tikip» çykmak bilen tamamlaýarlar, ýagny deriniň gyralaryny agyz boşlugynyň ýa-da burnuň nemli bardasy bilen kemtigiň tutuş gyralary boýunça tikip birleşdirýärler (*143-nji surat*). Beýle edilmegi soňraky döwürde erbet bertikleşmäniň we kontrakturanyň emele gelmeginiň öňüni alýar.

Näsag kömek üçin 72 sagatdan soň ýüz tutanynda, haçanda ýarada iriňli çişme hadysasy emele geleninde, giçki hirurgik arassaçylyk geçirýärler we ýaranyň iriňli hadysasyny ýeňip geçmek üçin degişli bejergini amala aşyrýarlar: iriňli ojaklary ýarýarlar we iriňi akdyrýarlar, ýarany ýokanja garşy we başga derman serişdeleri bilen ýuwýarlar. Çişme hadysasynyň alamatlary aýrylanyndan soňra gijikdirilen ýa-da irki ikilenç tikinler goýýarlar. Ýaranyň içinde hökman suwuklyk çykar ýaly ýumşak rezin zolaklary goýýarlar. Hemme ýagdaýlarda hem bürmek keseline garşy gan aýran dermanyny goýbermek görkezilendir.

Görkezmeler bolanynda hirurgik arassalamanyň öňünden daşky uky arteriýany daňmagy amala aşyrýarlar (*144-nji a, b, ç suratlar*). Bu amalda näsag arkan ýatýar, kellesini biraz aşak sallanan we garşy tarapa öwrülen ýagdaýynda saklaýar. Döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň öň tarap gyrasy boýunça aşaky äňiň burçundan başlap, galkan şekilli ketirdewügiň deňine çenli 5-6 *sm* uzynlykda kesim geçirýärler. Derini, derasty ýagly gatlagy, derasty muskul bilen bilelikde ýüzleý gatlagara dokuma bardasyny kesýärler. Daşky boýuntyryk wenany gapdala çekýärler. Döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskuly kütek ýol bilen goparýarlar we daş tarapa çekýärler. Ganawlyja dürtgüç boýunça damarly-nerw dessejiginiň ýerleşen ýerini açýarlar. Içki boýuntyryk wenany we birleşýän umumy ýüz wenasyny tapýarlar hem-de gapdala aýyrýarlar,



*a)* *b)* *ç)*

*144-nji a, b, ç suratlar.* Daşky uky arteriýanyň daňlyşy:
*a* – deri kesiminiň ugry; *b* – döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskul Farabefiň ilgençegi bilen gapdala çekilen we içki boýuntyryk wena açylan; *ç* – daşky uky arteriýanyň daňlyşy. 1 – içki boýuntyryk wena; 2 – umumy uky arteriýa; 3 – içki uky arteriýa; 4 – daşky uky arteriýa; 5 – ýokarky galkan şekilli arteriýa

gapdala süýşürip bolmadyk ýagdaýynda daňýarlar we kesýärler. Ondan soňra umumy uky arteriýany ýüze çykarýarlar. Onuň ikä bölünmesiniň ýokarsyndan daşky uky arteriýany açýarlar. Içki uky arteriýadan tapawutlylykda, ondan birnäçe şahalar bölünýär. Azaşan nerw ulgamyny gyjynmasyny peseltmek üçin nerwiň daş-töweregine 3-5 *ml* 0,5% nowokain erginini sançýarlar. Daşky uky arteriýany galkan şekilli we dil arteriýalaryň bölünip aýrylyp-goýulýan ýerleriniň arasy boýunça galyň sapak bilen daňýarlar. Sapagy azaşan nerw ulgamy süýşürmek bilen Deşanyň iňňesi bilen geçirýärler. Käbir hirurglar daşky uky arteriýany iki ýerden daňmagy we soňra olaryň arasy boýunça damary kesmegi maslahat berýärler.

## 8.11. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ DOKUMALARYNYŇ WE SYNALARYNYŇ UTGAŞYKLY ŞIKESLERI

Ýüzüň utgaşykly şikesi diýip äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň we synalarynyň hem-de bedeniň başga bölekleriniň bilelikde zeperlenmesine aýdylýar (Halkara beden gurluş bölünişigi boýunça adam bedeni şertleýin 7 gurluş bölege bölünýär: kelle, boýun, döş, garyn, çanaklyk, oňurga, el-aýaklar). Maglumatlara görä, äň-ýüz töwereginiň utgaşykly şikesleri has köp ýagdaýda (95%) kelle-beýni şikesi bilen utgaşýar; seýrek halatlarda (33%) (bir wagtyň özünde) el-aýaklaryň, çanaklygyň, oňurganyň we beýleki beden bölekleriniň şikesleri anyklanýar. Ejir çekenleriň 53%-de şikes şok ýagdaýy anyklanýar.

Utgaşykly şikes bilen ejir çekenleri, köplenç ýagdaýda, hassahana ýörite lukmançylyk ulagynda getirýärler.

Umumy agyrlyk ýagdaýyna we anyklanylan agdyklyk ediji şikese baglylykda bu näsaglar ýöriteleşdirilen äň-ýüz ýatymlaýyn bejergi bölümine (kelle-beýni sarsmasy bilen), neýrohirurgiýa bölümine (kelle-beýniniň müçükmesi, kelle-beý-



*145-nji surat.* Äň-ýüz töwereginiň utgaşykly şikesi. Demikme görnüşindäki gaýrüzülme sebäpli kekirdek içre deşik döredilen

ni gabyklaryna ganinme, oňurga, kelleçanagyň düýbüniň ýa-da kelle üstüniň döwügi bilen) ýa-da köpugurly, tiz kömek hassahanalaryň umumy hirurgik ýa-da şikesler bölümlerine (el-aýaklarynyň, çanaklygyň we içki synalaryň şikesleri bilen) düşýärler (*145-nji surat*).

Şeýlelik bilen, äň-ýüz hirurgik ýatymlaýyn bejergi bölümlerine, adatça, ýeňil kelle-beýni şikesi bolan näsaglar düşýärler we ol zeperlenen ýüz süňkleriniň döwük bölekleriniň gijä goýmazdan bejergi berkitmelerini amala aşyrmaga päsgelçilik bermeýär. Neýrohirurg we newropatolog bilen maslahatlaşyp, bu näsaglarda umumy bejerginiň çäklerinde bedenden suw çykarmak (degidratasiýa) bejergisini geçirýärler we düşekçede ýatmak düzgüni bellenilýär.

Köpugurly hassahanalaryň we tiz kömek hassahanalarynyň neýrohirurgiýa we ýöriteleşdirilen bölümlerine düşýän ýüzüniň utgaşykly şikesi bolan näsaglar jan üçin örän wajyp görkezmeler boýunça dürli ugurly lukmanlardan we ilkinji nobatda reanimatolog – anesteziologlardan, neýrohirurglardan, garyn boşlugy we döş kapasasy boýunça hirurglardan, trawmatologlardan, oftalmologlardan kömege mätäçdirler. Bu ýagdaýlarda äň-ýüz hirurgynyň gatnaşmagy äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň we synalarynyň zeperlenmesiniň häsiýetini we gerek bolan bejerginiň göwrümini kesgitlemäge gönükdirilendir. Ejir çekeniň ýagdaýynyň agyrlygy, onuň bilen aragatnaşygyň kynlygy, rentgen barlag geçirmegiň çäklenmegi – bularyň hemmesi äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň zeperlenmelerini anyklamakda düýpli kynçylyklar döredýär. Ýüzüň zeperlenen ýumşak dokumalarynyň ýellenmesi olaryň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrýar we alamatlara baha bermek esasynda zeperlenmäni anyklamak has-da kynlaşýar.

Bu topar näsaglaryň ýüzüni gözden geçirmegiň we ýüz süňklerini el bilen barlamagyň öz aýratynlyklary bar. Ony maňlaý töwereginden we gözhanalaryň ýokarky daşky gyralaryndan başlaýarlar, soňra yzygiderlilikde burun süňkleriň, gözhanalaryň aşaky gyralaryny, duluk ýaýlaryny el bilen barlaýarlar. Ýokarky äňiň we aşaky äň zeperlenmesini kesgitleýärler, oňat ýagtylandyryp, üns bilen agyz boşlugynyň synalaryny, damagyň yzky diwaryny gözden geçirýärler we gerek bolanda ganyň we beýni suwuklygynyň dem alyş ýollaryna düşmezliginiň öňüni alyş çärelerini geçirýärler.

Näsagyň gözden geçirilmeginiň we rentgen barlagynyň esasynda, onuň ýagdaýynyň agyrlygyny hasaba alyp, ejir çekeniň hünärmen bejergisiniň meýilnamasyny düzýärler.

Hirurg-stomatologyň öňünde ilkinji nobatda duran mesele – jan üçin howply ganakmany we daşky dem alşyň bozulmasyny aradan aýyrmakdyr we (gerek bolsa) gyssagly kömek bermekdir.

Köplenç, utgaşykly şikes bilen ejir çekenlerde bar bolan äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň zeperlenmesine agdyklyk ediji diýlip baha berilmeýär. Emma äň-ýüz hirurgy tarapyndan gaýragoýulmasyz kömek berilmegine görkezme näsagyň huşsuz ýagdaýy, gyjynma jogap duýujylygynyň (refleksleriniň) peselmekligi we gusuk zatlarynyň, diş bölekleriniň we ş.m. özge jynslaryň dem alyş ýollaryna düşüp, gitdigiçe, daşky dem alşy bozmaklygy tiz agyr gaýrüzülmelere getirip we şikesiň oňaýsyz netijesini kesgitläp bilýänligindedir.

Irki (gyssagly) hünärmen kömeginiň göwrümi ýüzüň we agyz boşlugynyň dokumalarynyň ýaralarynyň ilkinji hirurgik arassalamasynda, özge jynslary aýyrmakda, agyz boşlugyny arassalamakda, aşaky äňiň çykygyny salmakda hem-de ýüz süňkleriniň döwük böleklerini berkitmekde jemlenendir we olar (mümkin boldugyça) iň ýönekeý serişdeler hem-de usullar esasynda amala aşyrylýar. Ulanylýan berkitme serişdeleri we usullary janlandyryş çärelere zyýan bermeli däldir, ejir çekene seretmegi, wagtal-wagtal agyz boşlugyny arassalamaga ýol bermelidir we agzy boýunça doly iýmitlenmegi üpjün etmelidir.

Ýüz süňkleriniň böleklerini berkitmegi aşakdaky yzygiderlilikde amala aşyrýarlar: duluk ýaýy we duluk süňkleri, ýokarky äň, burun süňkleri, aşaky äň. Hemme hirurgik bejergi çärelerini umumy agyrysyzlandyrma ýagdaýynda geçirmek gerek.

## 8.12. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ OK DEGEN ZEPERLENMELERI

Ýüzüň ok degen ýaralanmalarynyň käbir aýratynlyklary bar: 1) ýaralanmanyň agyrlyk derejesi bilen şikesiň görnüşiniň gabat gelmezligi; 2) ýüzüň keşbiniň bozulmagy; 3) dokumalaryň ikilenç gülleler bilen zeperlenme mümkinçiligi; 4) gulak-burun-bokurdak synalarynyň, gözleriň, kelle-beýnisiniň; uly (iri) arteriýalaryň we wenalaryň ýaralanmak howpy; 5) gaz ýaragyndan adaty goranyş serişdäni ulanyp bolmazlygy ýa-da ulanmak kynçylygy; 6) ýüzüň dokumalarynyň oňat bitijilik ukyby; 7) ýaralananlara ýörite iýmitiň we idegiň gerekligi; 8) bedeniň suwsuzlyk ýagdaýynyň döremek mümkinçiligi. Äň-ýüz töweregine ýaralanan her dördünji adam huşuny ýitiren. Huşunyň bolmazlygy, uly ýaralar bilelikde näsagyň umytsyzlyk görnüşiniň döremegine getirýär we oňa kömek berilmezligi netijesinde ölüme sebäp bolup biler.

### 8.12.1. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ok degen ýaralanmalary

Harby şertlerde diňe ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ok degen ýaralanmalary kiçi uçundylar, seýrek ýagdaýlarda seçme, gülle, daş bölejikleriniň degmegi netijesinde döreýär. Köplenç, aňyrsyna geçmeýän, degip geçen ýaralanmalar, seýrek ýagdaýlarda, aňyrsyna geçýän ýaralanmalar ýüze çykarylýar (*146-njy a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*146-njy a, b suratlar.* Çep tarap ýaňak we gulakýany-çeýneýiş töwerekleriň ok degen ýaralanmasy (seçme degen):
*a* – näsagyň daşky görnüşi; *b* – seçmeler görünýän rentgen suraty

Zeperlenmeler dürli görnüşde – ýumşak dokumalaryň gopup, uly zaýalanmalaryndan başlap, göwrümi boýunça sähelçe bolan ýaralanmalar duş gelýär. Ýara hadysasynyň geçişi köp babatda ýaralanmanyň häsiýetine (aňyrsyna geçmeýän, degip geçen, aňyrsyna geçýän), ýaranyň agyz we burun boşlugy bilen habarlaşýanlygyna bagly bolup durýar. Degip geçen ýaralar aňyrsyna geçmeýän we aňyrsyna geçýän ýaralara seredeniňde has oňaýly gecýär, agyz we burun boşlugyna geçýän ýaralar bolsa dokumalaryň hemişe hapalanyp durmasy sebäpli, şeýle hem dil, ýumşak kentlewük we damak zeperlenmegi netijesinde döreýän agyr işjeňlik bozulmalary sebäpli, has agyr geçýär. Şeýle hem ýaralanmanyň geçişi we ahyrky netijesi ýaranyň ýerleşýän ýeri bilen kesgitlenilýär. Ýaňagyň ýaralanmalary seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýüz we üç şahaly nerw ulgamynyň şahalarynyň, gulakýany tüýkülik mäziniň özeniniň we akabasynyň zeperlenmegi bilen geçýär. Diňe ýaňak töwereginiň ýaralanmalary, eger-de gulakýany tüýkülik mäzi zeperlenmedik bolsa, düýpli gaýrüzülmeler bilen geçmeýär. Dodaklar ýaralananda oňa giň açylyp duran ýaranyň emele gelmegi, agyz boşlugynyň doly ýapylmazlygy, çalt ýellenmäniň döremegi häsiýetlidir. Dokumalaryň kemtigini döretmedik ýaralanmalar ýeňil geçýär. Ýara oňat we köplenç, gaýrüzülmesiz bitýär. Gulakýany-çeýneýiş töweregi ýaralanan ýagdaýynda çeýneýiş muskulynyň, gulakýany tüýkülik mäziniň we ýüz nerw ulgamynyň şahalarynyň zeperlenmesi äňleriň gysylmagynyň we ýüzüň keşbiniň erbet zaýalanmagynyň, tüýkülik ýara deşikleriniň emele gelmegine getirýär. Bu töweregiň ýaralary gowy bitmeýär we köplenç, iriňleýär. Äňasty töweregiň ýaralanmalary, köplenç, iriňli-çişme hadysanyň döremegine getirýär we ol hadysa gapdalyndaky ýerlere ýaýraýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýüz arteriýasy we wenasy, bokurdak, damak, boýnuň damarlary zeperlenýär. Dil ýaralananda iýmit kabul etmeklik bozulýar, geplemek kynlaşýar, onuň ýellenmegi sebäpli ölçegleri ulalyp, dem almaklyk kynlaşyp bilýär. Dilden özge jynslary aýyrmak hemişe kyn bolup durýar. Diliň özbaşdak ýaralanmalary örän seýrek duş

gelýär we hemişe diýen ýaly gapdalyndaky töwerekleriň dokumalarynyň zeperlenmeleri bilen duş gelýär. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ok degen ýaralanmalarynyň alamatlary köp babatda şikesden soňra geçen wagta bagly bolup durýar. Şikesden 3-4 *sag* soňra ýellenme we ganöýme sebäpli has oňat bildirip duran ýumşak dokumalaryň pökgermegi ýüze çykýar. Wagtyň geçmegi bilen çişme gataňsylygynyň döremegi netijesinde dokumalaryň göwrümleri ulalýar. 3-4 günden soňra ýaralanma deşiginiň – «akabanyň» ugry boýunça dokumalaryň çüýremegi başlaýar, iriň emele gelýär. 10-12 gün geçeninden soňra, çişme hadysalary aýrylýar, ýara çüýrän dokumalardan arassalanýar. Onuň içinde düwür-düwür dokumalaryň emele gelmegi dowam edýär we ýara ýuwaş-ýuwaşdan ikilenç birleşme bilen bitýär, örtgi dokuma bilen ýapylýar.

Harby şertlerde ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ilkinji hirurgik arassalamasyny ýaralananlaryň esasy bölegine frontuň hassahanalar toplumynda ýöriteleşdirilen hassahanada amala aşyrýarlar. Agyz boşlugyna we burnuna geçmeýän hem-de dikeldiş amallary talap etmeýän, dokumalaryň uly bolmadyk kemtigi bilen diňe ýüzüň ýumşak dokumalarynyň degip geçýän örän ýeňil ýaralananlaryna ilkinji hirurgik arassalama görnüşinde geçirilýän kömek harby birikmäniň aýratyn lukmançylyk toparynda (*ALT*) we aýratyn lukmançylyk batalýonynda (*ALB*) berlip bilner.

### 8.12.2. Äň-ýüz töwereginiň süňkleriniň ok degen ýaralanmalary

Ýüzüň süňkleriniň ok degen ýaralanmalary ýüzüň ýumşak dokumalarynyň özbaşdak ýaralanmalaryna garanyňda 1,5 esse ýygy duş gelýär. Ok degen döwükler ok degen däl görnüşlerden käbir aýratynlyklar bilen tapawutlanýar. Olar hemişe açyk görnüşde bolýar, ýaralaýjy jisimiň süňk bilen çaknyşan ýerinde döreýär, köplenç, süňk bölekli (seýrek bolmadyk ýagdaýlarda süňk dokumasynyň kemtigi bilen), has agyr geçýär (*147-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*147-nji a, b suratlar.* Äň-ýüz töwereginiň ok degen ýaralanmasy:
*a* – näsagyň daşky görnüşi; *b* – ýüz süňkleriniň rentgen suraty

### 8.12.2.1. Aşaky äň ok degen döwükleri

Aşaky äň ok degen ýaralanmasy dem almak kynçylygyny döredýänligi sebäpli, aýratyn hem huşuny ýitiren ýagdaýynda ýaralananyň jany üçin uly howp bolup durýar. Aşaky äň ok degen döwüginiň agyrlygy ýaralaýjy ýaragyň görnüşine, zeperlenmäniň ýerleşişine we häsiýetine, diňe bir süňk bozulmalarynyň däl-de, eýsem, gurşap alan ýumşak dokumalaryň we synalaryň zeperlenme derejesine, süňk ýarasynyň agyz boşlugy bilen baglanyşygyna, berlen kömegiň öz wagtyndalygyna we netijeliligine, ýaralananyň umumy ýagdaýyna bagly bolup durýar. Köp halatlarda aşaky äň birnäçe ýeri birwagtda – burçy we onuň şahasy, seýrek halatlarda bedeniniň gapdal bölegi we eňek bölegi zeperlenýär (*148-nji surat*).




*148-nji a, b suratlar.* Aşaky äňiň ok degen döwükleriniň görnüşleri:
1 – çyzyk şekilli döwük; 2, 3, 4 – çet gyra döwükler; 5 – deşik şekilli döwük;
6 – şahanyň dik döwügi; 7, 8, 9 – uly süňk bölekli döwükler;
10, 11 – süňk kemtikli döwükler; 12 – eňegiň atylyp pytramagy

Döwük orta çyzykdan näçe daşda ýerleşen bolsa, şonça-da onuň ahyrky netijesi oňaýsyz bolýar. Aşaky äň ok degen döwüklerinde dem alyş, çeýneýiş, ýuwdunyş we gepleýiş bozulýar. Şikes alanyndan soňra geçen wagta baglylykda onuň görnüşi düýpli üýtgeýär. Ýaralanmanyň yz ýanynda ýaralananyň häsiýetli görnüşi bolýar: agzy biraz açyk we ondan tüýkülik, gan akýar; äňýany ýumşak dokumalaryň ganaýan ýarasyndan deri-muskul kesim bölekleri sallanyp durýar; dem alşy kynlaşan. Birnäçe sagat geçeninden soňra dokumalara gan siňýär, ýellenme döreýär. Ýüzi pökgerip durýar. Ýaralanan gepläp, ýuwdunyp bilmeýär. 2-3 gün geçeninden soňra ýaralanma deşiginiň – «akabasynyň» dokumalarynyň çüýremegi bolup geçýär. Çişme

gatañsylyk, soňra bolsa iriňli ojaklar emele gelýär. Dokumalaryň dargamagy bilen çüýreme hadysasy başlaýar. Irki ikilenç gan akmalar ýüze çykyp biler. 2-3 hepdeden soňra ýiti çişme alamatlar aýrylýar. Ok degen osteomiýelidiň üznüksiz görnüşiniň alamatlary bolup biler. Ýumşak dokumalaryň ýaralary bertik bilen bitýär.

Aşaky äň ok degen döwügi bilen ýaralananlaryň ilkinji hirurgik arassalamasy frontuň hassahanalar toplumynyň hassahanasynda geçirilýär we ol ýerde berilýän kömek doly göwrümde amala aşyrylýar. Beýik Watançylyk urşunyň tejribesi boýunça aşaky äň ok degen döwükleri bilen ýaralananlaryň 98,7% möçberi sagal-dylypdyr.

### 8.12.2.2. Ýokarky äň ok degen döwükleri

Köplenç ýagdaýda, öýjükli ösüntgi we dişler, äň bedeni we ýokarky äň boşlugy, äň bedeni we kentlewük ösüntgiler zeperlenýär (*149-njy surat*). Dem alyş, gepleýiş, ceýneýiş, ýuwdunma bozulmalaryndan başga-da, kelle-beýni nerw ulgamynyň ze-perlenmeleri bilen baglanyşykly bozulmalar ýüze çykyp biler (eşidiş, görüş, he-reketleriň deňagramlylygynyň bozulmalary we ş.m. nerw alamatlary).



*149-njy surat.* Ýokarky äňiň ok degen döwükleriniň
we ýaralanma deşikleriniň ugurlarynyň bolup biläýjek görnüşleri

Ýaralanmanyň agyrylygy süňk ýarasynyň agyz boşlugy ýa-da burunýany boşluklar bilen baglanyşyklydygyna, ýara «akabasynyň» ugruna, kelle-beýni içre gaýrüzülmelere bagly bolup durýar. Ýokarky äň boşluklarynyň içinden aňyrsyna geçýän kese ýaralanmalar, adatça, ýeňilräk geçýär. Ýara «akabasy» gözhana ýa- -da ýokarky äň güberçegine tarap ugruny üýtgedeninde göz almasynyň, burnuň, gaty kentlewügiň zeperlenmegi mümkin. Ýaralanmanyň agyrlyk derejesi has-da artýar. Aňyrsyna geçmeýän ýaralanmalaryň häsiýeti degen gülläniň ölçegi we onuň başlangyç güýç-kuwwaty, giren ýeriniň ýerleşişi, gülläniň ýa-da uçundynyň ýatan ýeri bilen kesgitlenilýär. Olar çekgasty we ganat kentlewük çukurjyklarynda, gözhanada, duluk ýaýynyň aşagynda ýa-da aşaky äň ösüntgileriniň (täç we bogun) töwereginde, damagyň ýa-da diliň dokumalarynda, gaty kentlewügiň nemli bardasynyň aşagynda ýatyp biler. Ýokarky äň degip geçen ýaralanmalarynyň häsiýeti şikeslenen ýeriň ölçegine, onuň gurluş we işjeňlik ähmiýetine bagly bolup durýar.

Ýokarky äň ok degen döwükleriniň alamatlary beden gurluş we işjeňlik bozulmalaryny kesgitleýärler. Ýaralananyň ýüzi gyşarýar, burnundan we agzyndan gan akma, göz almasynyň töweregine gan inme bolup biler. Döwlen äň bölekleriniň ýerinden süýşendiklerini ýüzüň görnüşiniň bozulmagy, diş ýaýynyň üýtgemegi, dişleriň gatnaşyklarynyň bozulmagy, dik, öňden-yza we gapdal ugurlar boýunça döwük bölekleriniň hereketleri boýunça kesgitleýärler. Şunuň ýaly ýaralanmany ýöriteleşdirilen hassahanada diňe bir hirurg-stomatolog gözden geçirmän, eýsem, otolaringolog, okulist, newropatolog, görkezmeler boýunça – neýrohirurg hem gözden geçirýärler. Ýokarky äň bölekleriniň ilkinji hirurgik arassalamasyny we bejergi berkitmesini amala aşyrýarlar.

### 8.12.2.3. Öýjükli ösüntginiň we dişleriň ok degen döwükleri

Ýokarky äň öýjükli ösüntgisi aşaky äň bedeniniň öýjükli ösüntgisinden tapawutlylykda 5 esse köp döwüklere sezewar bolýar. Öýjükli ösüntginiň gelip çykyşy boýunça ok degen döwükleri aňyrsyna geçýän, aňyrsyna geçmeýän we degip geçýän, bir tarapdan we ikitarapdan, doly we doly däl (haçanda döwük çyzygy daş tarap gabyk gatyndan geçip, içki gatlaga zeper ýetmedik ýagdaýynda), çyzyk görnüşli we süňk bölekli bolup bilýär.

Dişleriň ok degen döwüklerini doly däl (diş pulpasy açylmazdan) we doly (diş pulpanyň açylmagy bilen) görnüşe bölýärler.

Öz gezeginde dişleriň doly ok degen döwüklerini açyk (täç bölegiň döwülmegi) we ýapyk (dişiň boýunjygynyň ýa-da köküniň döwülmegi) görnüşlere bölýärler. Şikesiň gönüden-göni yzyndan, dişleriň mylkygynyň zeperlenmesi netijesinde güýçli agyry döreýär. 2-3 gün geçeninden soňra agyz boşlugynda porsy ys döreýär we dokumalar çüýräp başlaýar. Ýaralananlar güýçli agyry sebäpli dişlerini gysyp bilmeýärler. Iýmiti çeýnemek mümkin bolmaýar. Ýokarky äň kiçi we uly azylarynyň

töweregindе öýjükli ösüntgi döwlende ýokarky äň boşlugynyň düýbi gopup biler. Öýjükli ösüntginiň görnüşi: dişleriň ýagdaýy we diş gatnaşyklary bozulan. Öýjükli ösüntginiň we dişleriň ok degen döwükleri bilen ýaralananlaryň aglabasyna ilkinji hirurgik arassalamasy ýöriteleşdirilen hassahanada amala aşyrylýar. Ol ýerde diş salmagy hem amala aşyrýarlar. Hirurgik arassalama süňk gyralaryny we çykyndylaryny süňk kertijiler bilen tygşytly kertip aýyrmakda jemlenendir. Süňk ýarasynyň üstünden nemli bardany tikýärler. Eger-de beýle edip bolmasa, onda ýalaňaçlanan süňk dokumany kseroformly hasa bilen ýapýarlar.

Beýik Watançylyk urşunyň tejribesi boýunça öýjükli ösüntginiň we dişleriň ok degen döwükleri bilen ejir çekenleriň 93,2%-i doly sagalypdyr.

#### 8.12.2.4. Duluk süňküniň ok degen döwükleri

Ýaralanmada bu şikesiň agyz boşlugyna we burna geçýän, köplenç, aňyrsyna geçmeýän we aňyrsyna geçýänleri duş gelýär. Näsagyň duluk süňküniň gelip çykyşy boýunça ok degen döwüklerinde seýrek bolmadyk ýagdaýlarda çeýneýiş muskullar, göz almasy, ýüz, üç şahaly, eşidiş-deňagramlylyk, sowujy nerw ulgamy, ýokarky äň boşlugy we gözhana diwarlary zeperlenýär. Agzyny açmagy kynlaşýar we agyryly bolýar, burnundan dem almak kynlaşýar. Iýmiti kynlyk bilen çeýneýär. Göz almasynyň çykjak bolup durmagy, gözhana nemli bardasyna, gabaklara, göz agyna gan inmegi mümkin. Süňk bölekleriniň hökmany düzedilmegi we berkidilmegi bilen bilelikde geçirilýän ýaranyň ilkinji hirurgik arassaçylygy ýöriteleşdirilen hassahana bölümlerinde amala aşyrylýar.

### 8.12.3. Ýüzüň we äňleriň ok degen zeperlenmeleriniň bejergisiniň aýratynlyklary

Äň-ýüz töweregi ýaralananlara kömek berlende tapgyrlaýyn bejergi ulgamy ulanylýar. Bu her bir tapgyrda bellibir göwrümde bejergi çärelerini geçirmegi we näsaglary söweş meýdanyndan (ýerinden) alyp çykmagy göz öňünde tutýar. Şikes bolan ýerinde ilkinji lukmançylyk kömegi berilýär: batalýonyň lukmançylyk nokadynda (*BLN*) – lukmana çenli kömek, polkuň lukmançylyk nokadynda (*PLN*) –ilkinji lukman kömegi; aýratyn lukmançylyk batalýonynda (*ALB*) ýa-da aýratyn lukmançylyk toparynda (*ALT*) –hünärmen kömegi; ýöriteleşdirilen harby hassahanalarda– – ýöriteleşdirilen lukmançylyk kömegi. Näsagy ulagda alyp gitmegiň islendik tapgyrynda hem, ilkinji nobatda, ýaralananyň heläk bolmak howpuny aýyrmaga gönükdirilen çäreler amala aşyrylýar, ýagny: demikmä garşy çäreler; ganakmany saklamak; şok ýagdaýynyň öňüni almak ýa-da oňa garşy çäreler.

**Ýaralanana ilkinji lukmançylyk kömegi** kiçi saglygy goraýyş esger tarapyndan, birek-birege kömek ýa-da örän seýrek öz-özüne kömek görnüşinde ama-

la aşyrylyp bilner. Ilkinji kömegiň esasy wezipesi –ýaralananyň ölüminiň öňüni almak we ýarany hapalanmadan goramak. Demikmäni aýyrmak üçin geçirilmeli çäreler: agyz boşlugyny özge jynslardan boşatmak (gusuk zatlary, gan lagtalary we ş.m.); ýaralanany gapdal tarapyna ýatyrmak (şikes ýeten tarapa) ýa-da maňlaýynyň we döşüniň aşagyna düýrülen mata (egin-eşik), goş haltasyny goýup ýüzün, garnyna ýatyrmak gerek. Dilini iňňebagjyk bilen deşmek we hasa zolagynyň bölegi bilen ony öňe çykarylan ýagdaýda berkidip goýmak bolar. Hasa zolagyny boýnundan aýlaýarlar. Gan akmany saklamagyň usullary ýokarda ýazylyp geçildi. Äň ok degen döwüklerinde gan akmany saklamak üçin goýulýan sargy ýaralananyň dem alşy kynlaşmaz ýaly edilip goýulmalydyr. Ýüze goýlan sargylara diňe bir gan siňmän, eýsem, oňa tüýkülik hem siňýär. Aýazda ol doňýar we ýumşak dokumalaryň sowuk almagynyň sebäbi bolup biler. Şol sebäpli-de gyş wagty ony pamyk gatlagy bilen galňatmak, ýylatmak gerek. Dogry goýlan sargy diňe bir gan akmany azaltman, ýaranyň hapalanmagynyň öňüni alman, eýsem, äň döwükleriniň wagtlaýyn (ulag) berkitmesini amala aşyrýar we bu sanjawaç-gapdan agyry aýryjyny goýbermek bilen bir hatarda, şikes şogunyň öňüni alyş çäresi bolup durýar.

Güýçli gan akmany saklamak üçin uly sütün damarlary barmak bilen basmaklykdan başga-da, boýnuň bir tarapyna basyp duran sargy goýmak bolar. Şeýle sargy goýlanda, şikes ýetmedik tarapyň uky arteriýasy we kekirdek gysylmaz ýaly, hökmany gorag ulanylmalydyr.

**Lukmana çenli kömek** (*BLN*) tapgyrynda ezilen sargylary aýyrmazdan we çalyşmazdan, üstünden hasa zolagy bilen sargy geçirýärler. Ýokarda aýdylanlardan başga-da, feldşer demikmä garşy dilden ýüpek sapak geçirip we uçlaryny boýnuna berkidip biler. Ulag berkitmesi üçin öz toplumynda bar bolan ülňüleýin ulag sargylary ulanyp biler.

Şoguň öňüni almak üçin feldşer narkotiki serişdeleri (ikilenç), ýürek-damar serişdeleri goýberýär, içer ýaly ýyly çaý ýa-da suw berýär, himiki ýyladyjynyň, ýatylýan haltanyň kömegi bilen ýaralanany ýyladýar.

**Ilkinji lukman kömegi** (*PLN*) tapgyrynda görkezmeler bolan ýagdaýynda emeli kekirdek deşigi goýlup bilner, ýaradaky gan damar daňlyp ýa-da mäz dokumada gan akmada ýara hasa peltesi ýa-da ýaglyjagy bilen ykjam dykylyp bilner. Diliň kökünden, damagyň dokumalaryndan gan akanynda, öňünçä emeli kekirdek deşigi goýlup we ýaralanany iýmitlendirmek üçin burnundan aşgazanyna turbajyk salyp, diliň we damagyň ýarasyny uly hasa ýaglyjaklary bilen berk dykalamak gerek. Şoga garşy ýokarda aýdylanlardan başga-da, görkezmeler boýunça ganyň ýerini tutujy dermanlary (seýrek ýagdaýlarda arassa gan) goýberýärler. Ýaralananlaryň hemmesine bürmege garşy derman sançýarlar, ýokanja garşy derman ulanýarlar. Stomatolog äň bölekleriniň ulag berkitmesini amala aşyrýar.

Aýratyn lukmançylyk batalýonynda (*ALB*), **hünärmen lukman kömek** tapgyrynda gan akmany gutarnykly saklaýarlar (görkezmeler bolanynda damaryň

bellibir daşlykda daňylmagy). Demikmäniň sebäbine baglylykda dem alyş ýollarynyň hemişe boş bolmagyny üpjün edýän bejergi çäreleri amala aşyrýarlar, näsagy şok ýagdaýyndan çykarýarlar. Äň-ýüz töweregine ýaralananlary hökmany suratda sargylary aýrylan ýagdaýynda hirurg-stomatolog barlaýar we soňraky bejerginiň göwrümini hem-de onuň tapgyrlara degişliligini kesgitleýär. Ýüzüň diňe ýumşak dokumalarynyň kemtiksiz ýaralarynda, eger-de ýara agyz boşlugy bilen habarlaşmaýan bolsa, ýaranyň ilkinji hirurgik arassaçylygy geçirilýär. Ondan soňra olary 10 gün möhlet bilen sagalýanlaryň toparyna ugradýarlar. Örän agyr ýaralananlary (ulag bilen wagtlaýyn ugradyp bolmaýanlary) şoga garşy bejergi bölüme ugradýarlar. Ýaralananlaryň, takmynan, 85%-i jan howply görkezmeler boýunça kömek berleninden soňra, indiki tapgyra ugradylmaga degişlidir. Dikeldiş amallara mätäç bolmadyk ýaralananlary ýeňil ýaralananlar üçin niýetlenen hassahana ugradýarlar we ol ýerde olara stomatologyň gatnaşmagynda umumy hirurg tarapyndan ýaranyň ilkinji hirurgik arassaçylygy geçirilýär. Galan ýaralananlary düzüminde äň-ýüz bölümi bolan ýöriteleşdirilen hassahana ugradýarlar. Ugratmazdan öňünçä hökmany ýagdaýda äň böleklerini ülňüleýin sargynyň kömegi bilen ulag berkitmesini amala aşyrýarlar. Bu tapgyrda ýaralananlaryň hemmesi iýmitlendirilmelidirler.

Kellesinden, boýnundan we oňurgasyndan ýaralananlar **ýöriteleşdirilen kömegi** ýörite neýrohirurgik hassahanada alýarlar. Bu hassahananyň düzüminde dört sany ýöriteleşdirilen bölüm bar: neýrohirurgik; äň-ýüz; oftalmologik; gulak-burun-bokurdak bölümi. Bu ýerde hem özüniň diş-ussaçylyk bölümçesi bilen diş salynýan bölüm ýerleşdirilýär. Bu hassahanada sagalmak döwri 60-90 gün bolan ýaralananlary alyp galýarlar. Sagalmaklyk döwri 90 günden geçýän beýleki ýaralananlary ýaralarynyň ilkinji hirurgik arassaçylygy geçirilenden birnäçe günden soň ýurduň içine, parahat bölegine ugradýarlar. Ýöriteleşdirlen hassahanada ýaralaryň ilkinji hirurgik arassaçylygy, äňleriň bölekleriniň bejergi (hemişelik) berkitmesini, esasan hem, ýumşak dokumalarda bolan çylşyrymly bolmadyk dikeldiş amallary, diş salmaklygy, derman we fiziki bejergini, iýmit bejergisini we bejergi beden maşklaryny geçirýärler. Ilkinji hirurgik arassalaýyş – hasap boýunça ilkinji amal bolup, bitmek üçin ýarada oňaýly şertler döretmeklige gönükdirilendir we ol irki (eger-de ýaralanmadan soň 24 sagadyň dowamynda geçirilen bolsa), gijikdirilen (eger-de ýaralanandan soň 24-48 sagadyň dowamynda amala aşyrylan bolsa) we giçki (eger-de 48 sagatdan soň berjaý edilse) görnüşlerde bolup biler. Ilkinji hirurgik arassaçylygy bellibir yzygiderlilikde amala aşyrýarlar: süňk ýarasyny arassalaýarlar; bölekleri ýerinde goýup düzedýärler; olaryň ygtybarly berkitmesini amala aşyrýarlar; süňk ýarasyny agyz boşlugyndan çäklendirýärler; äňýany ýumşak dokumalary arassalaýarlar. Ýaranyň töwereginiň deri örtüklerini ýodly benzin (ýoduň 1%-li benzin ergini), wodorodyň öteturşusy, etanol siňdirilen hasa tokgasy bilen süpürýärler. Ýaranyň töwereginiň saçlaryny we tüýlerini syrýarlar. Ýarany zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwýarlar we diňe şondan soňra ýerli ýa-

-da umumy agyrysyzlandyrma ýagdaýynda ýaranyň barlagyna we arassaçylygyna başlaýarlar. Hirurg ýarany ykjam barlaýar we gerek bolanynda darajyk ýara geçelgelerini we deşiklerini bölekleýin kesip açýar. Ýaranyň içinden erkin ýatan özge jynslary, şol sanda kiçi süňk bölejiklerini aýyrýarlar, ýumşak dokumalara birleşip duran uly süňk böleklerini saklaýarlar. Ýiti uçly süňk çykyndylary kertgiç bilen tygşytly edip aýyrýarlar. Soňra süňk böleklerini ýerlerine goýup düzedýärler we olaryň hemişelik (bejergi) berkitmesini amala aşyrýarlar.

Ondan soňra agyz boşlugynyň nemli bardasyny arassalaýarlar we süňk ýarany agyz boşlugyndan ygtybarly çäklendirip, ony tikýärler. Eger-de beýle edip bolmaýan bolsa, onda süňk ýarasyny kseroformly hasa bilen ýapýarlar. Diňe şondan soňra ýaşaýşa ukypsyz ýerlerini tygşytly kesip aýyrmak bilen äňýany ýumşak dokumalaryň arassaçylygyna başlaýarlar. Uly bolmadyk kemtikleri ýapmak üçin ýerli plastika geçirilip bilner. Ýumşak dokumalaryň kemtigi bilen agyz boşlugyna geçýän uly ýaralarda derini agyz boşlugynyň nemli bardasy bilen tikmek gerek. Şeýle edilmegi dokumalaryň erbet bertikleşmesiniň öňüni alýar we aňyrsyna geçýän kemtigi Filatowyň baldagy bilen ýapmaga oňaýly şertler döredýär. Irki we gijikdirilen hirurgik arassaçylygyny tikin goýmak bilen tamamlaýarlar. Dodaklaryň, gabaklaryň, burun ganatlarynyň töwereklerinde, gulak ýelkenlerinde berk düwünli tikinleri goýmak bolar. Başga ýerlerde düwmeli tikinler goýmak bolar we olaryň kömegi bilen ýiti çişme hadysa bolmadyk ýagdaýynda, ýaranyň gyralaryny, ol doly ýapylýança ýuwaş-ýuwaşdan golaýlaşdyrýarlar. Haçanda ýarada bildirip duran gataňsylyk ýa-da iriňli çişme alamatlary bolan ýagdaýynda, giçki ilkinji hirurgik arassalama geçirilende, tikin goýmaýarlar we ýarany dermanly hasa zolagy bilen dolduryp we ýapyp alyp barýarlar.

Düwmeli tikin goýmak üçin inçejik poslamaýan we turşulanmaýan sim, uzyn hirurgik ýa-da sanjym iňňesi, rezin bölejikleri, metal bölejikleri we içi deşik gurşun seçmeleri, ýelimli ak zolaklary gerek. Ýaranyň gyralaryndan 1,5-2 *sm* daşlykdan iňňäniň kömegi bilen onuň düýbi boýunça simi geçirýärler. Soňra simiň her ujunda yzygiderli ýelimli ak zolak (4-6 gat hasany hem ulanmak bolýar), rezin bölejigini, metal bölejigi we 2-3 sany gurşun seçmesini ýerleşdirmeli. Düwmeli tikinler arkaly ýaranyň gyralaryny ýuwaş-ýuwaşdan golaýladyp, ýumşak dokuma kesim böleklerini gerekli ugur boýunça saklap we berk düwünli tikinler goýlanyndan soň dörän dokumalaryň dartylmasyny ýeňledip bolýar. Ol içi düwür-düwür dokumaly ýarany berk düwünli tikinler bilen tikmäge mümkinçilik berýär.

Ilkinji tikin, eger ol ýaranyň hirurgik arassaçylygynyň yz ýany goýulsa, irki diýilýär we hirurgik arassaçylykdan 5-6 gün soňra, ýarada göze görünýän düwür-düwür dokumalar emele gelýänçä goýulsa, gijikdirilen diýlip atlandyrylýar. Ýarada bar bolan çişme hadysa bejerilip, tiz aýrylyp-goýulýan ýagdaýynda, giçki hirurgik arassaçylyk geçirip tikin goýup bolar. Düwür-düwür dokuma bilen örtülýän ýara ikilenç tikinler 10-12 günden goýulsa, irki we bertikleşýän ýara goýlan ýagdaýynda giçki diýlip atlandyrylýar.

Ikilenç hirurgik arassaçylyk – diýlip ozal ilkinji hirurgik arassaçylyk geçirilenden soň amala aşyrylýan bejergi çäresine aýdylýar. Ol, adatça, ýarada çişme häsiýetli gaýrüzülmeler dörände amala aşyrylýar. Ikilenç hirurgik arassaçylykdan soňra, ýara gutarnykly, berk düwünli tikinler goýmaýarlar.

Ýokarky äň ok degen ýaralanmalarynyň hirurgik arassaçylygynyň käbir aýratynlyklary bar. Ýokarky äň boşlugy zeperleneninde onuň içinden özge jynslary aýyrmak gerek. Süňk diwardan gopan nemli bardanyň böleklerini ýerine goýmaly we kseroformly pelte bilen saklatmaly. Hökmany suratda aşaky burun geçelgesi boýunça emeli deşik döredýärler we ondan peltäniň ujuny çykaryp goýýarlar. Gaty kentlewük zeperleneninde agyz boşlugy bilen burun boşlugy arany beklemeli. Hirurgik usul bilen kemtigi ýapmak mümkin bolmasa, onda plastmassadan gorag örtgi ýasamak gerek. Ýokarky äň we burun ýaralananynda burnuň süňk böleklerini düzedýärler, burun geçelgeleriniň nemli bardasyny süňke ýa-da ketirdewüge ýazyp goýýarlar hem-de dogry ýagdaýda 2-3 gat kseroformly hasa dolanan rezin turbajyklaryň kömegi bilen dogry ýagdaýda saklaýarlar, burnuň daşyndan bolsa mümkin bolanynda (burnuň deri örtüginiň ýarasy bolmadyk ýagdaýynda) gips sargy goýulýar. Beýle edilmese, burun geçelgeleriniň bertik netijesinde ýapylmagy ahmal. Eger ýokarky äňiň we duluk süňküniň döwügi dörese, onda duluk süňküniň (ýaýynyň) süňk böleklerini süňk tikini ýa-da başga usul bilen berkidýärler.

## 8.13. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ŞIKESI WE ZEPERLENMESI BOLAN NÄSAGLARA SEREDILIŞI

Näsaglara, aýratynda äň-ýüz töwereginiň zeperlenmeleri bolan ýaralananlara dogry we yzygiderli seredilmegi köp babatda keseliň we bejerginiň netijelerini kesgitleýär. Bu ýagdaý äň zeperlenmelerinde, agyz boşlugyna geçýän ýaralanmalarda agyz boşlugynyň öz-özüniň kadaly arassalanmasynyň düýpli bozulýanlygy bilen düşündirilýär. Şeýle ýagdaýda iýmit galyndylary, gan lagtalary, çüýrän dokumalar agyz boşlugynda köp bolan ýokançlar tarapyndan dargadylyp başlanýar. Çüýreme hadysa ýaranyň geçişini agyrlaşdyrýar we çylşyrymlaşdyrýar. Äň-ýüz töwereginiň zeperlenmesi bolan näsaglarda ikilenç gan akmalaryň, demine madda gidip döreýän (aspirasion) öýken sowuklamalaryň (pnewmoniýalaryň), şikes ostiomiýelidiniň, ýüz wenalarynyň flebitiniň we trombozynyň sebäpleriniň biri-de agyz boşlugyna erbet seredilmegidir. Şonuň üçin hem beýle näsaglaryň bejergisiniň tutuş dowamynda agyz boşlugyna ýörite seredilmegi gerekdir.

Iýmit galyndylaryny, gan lagtalary aýyrmak üçin agyz boşlugyna köp gezek furasiliniň (1:5000) ýa-da 0,1%-li kaliý permanganatynyň (solak gyrmyzy reňkli) erginleri bilen ýuwmak gerek.

Ýuwmak üçin, adatça, Esmarhyň bulguryny ýa-da rezin pökgülerini ulanýarlar. Agyz boşlugynyň köp gezek we oňat ýuwulmagy köpsanly ýokançlaryň ýuwlup

ýok bolmagyna getirýär, bu bolsa emele gelip barýan çişme hadysasynyň çäklendirilmegine we ýaranyň geçişiniň gaýrüzülmeleriniň mümkinçiligini peseldýär.

Näsagyň agyr ýagdaýynda agyz boşlugyny ýuwmagy şepagat uýasy amala aşyrýar. Näsaglar sagdynlaşdyklaryça agyz boşlugyny özbaşdak ýuwup başlaýarlar. Bu çäräni mümkin boldugyça nahardan öň we hökmany nahardan soň, şeýle hem ýatmazyndan öň geçirmelidir. Haçanda ýuwmaklyk bilen dişara yşlardan we seýikleriň aşagyndan iýmit galyndylaryny aýryp bolmasa, jübtek we diş arassalaýjylar ýaly agaç çöpleri ulanylýar, soňra bolsa zyýansyzlandyryjy ergin bilen agyz boşlugyny hem-de agyz içini ýuwýarlar.

Görkezmeler bolan halatynda agyz boşlugynyň nemli bardasyny we dili ýuwmakdan başga-da, wodorodyň öteturşusynyň ergininde ezilen hasa tokgasy bilen süpürýärler. Äň-ýüz töwereginiň ýaralanmalarynda öýkende döreýän gaýrüzülmeleriň öňüni almakda näsaglaryň hal ýagdaýynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Aşaky äňiň şikeslerinde ýuwdunmak güýçli bozulýar. Şu sebäpli hem demine maddalaryň düşmeginiň öňüni almak üçin näsagy arkan ýaplanyp oturan ýagdaýa getirýärler. Agyz boşlugyna geçýän aşaky äňine ýaralananlarda agyz suwlanmagy has güýçlenýär we käwagt gije-gündiziň dowamynda 1500-2000 *ml-e* çenli ýetýär. Arassaçylyk nukdaýnazaryndan munuň ýaly näsaglarda eňegiň aşagyna salofan ýa-da rezin haltajyga tüýkülik ýygnaýjyny berkidýärler (kelläniň üsti boýunça geçirilen bagjyklar arkaly). Ýaranyň gyralarynyň derisiniň ezilip zeperlenmezligi üçin oňa Lassar hamyryny (pastasyny) çalýarlar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, agyz boşlugynyň özboluşly ýagdaýy, onuň arassaçylygy pes bolanda ýokançlaryň ýeterlik köp mukdary we gan suwuklygynyň bolmagy iriňli çişme hadysasynyň we örän ýakymsyz ysyň döremegine getirýär. Şeýle näsaglarda agyz boşlugynyň yzygiderli geçirilýän arassaçylygy iriňli çişme hadysasynyň ýüze çykmak mümkinçiligini örän azaldýar, ýaranyň tiz bitmegine ýardam edýär we gaýrüzülmeleriň öňüni alýar.

Äň-ýüz töwereginiň zeperlenmesi bolan näsaglaryň umumy seredilis esaslary hemme beýleki näsaglara seredilis esaslaryndan tapawutlanmaýar.

Öý şertlerinde äň-ýüz töwereginiň çişi bolan (onkologik) näsaglara seretmegi guramak düýpli kynçylyklary döredýär.

Ilkinji nobatda äň-ýüz töweregiň dargaýan howply çişleri ýüzleý ýerleşýändigi we daş-töwerekdäkilerden ýaşyrylyp bilinmeýänligi, ýakymsyz porsy ys döredýändigi, bularyň hemmesiniň bolsa ýakymsyz duýgulary, esasan hem, çagalarda, döredýändiklerini bellemek gerek. Şu sebäpli hem mümkin bolsa jaýdan çagalary çykarmaly, jaýa hemişe arassa howa çaldyryp durmak we näsagyň agyz boşlugyny hem-de çiş başyny ýygy-ýygydan ýuwup durmak gerekdir. Agyz boşlugyny we çiş başyny ýuwmak üçin islendik zyýansyzlandyryjy (antiseptiki) ergini ulanyp bolar, iň gowy ys aýryjy serişde marganesturşy kaliniň 1:5000 gatnaşygyndaky erginidir. Bu ergin güýçli turşadyjy ukyply bolup, ölen dokumalary turşadýar we ýakymsyz ysy azaldýar.

Keseliň ahyrky döwründe, köplenç, näsaglar agyz boşlugyny özbaşdak çaýkap bilmeýärler, şu sebäpli hem agyz boşlugyny ýuwmak üçin çäreler görülmelidir. Bu maksat üçin öý şertlerinde uly armyt şekilli rezin ballon ulanmak amatlydyr we ony ulanmagy heniz hassahana şertlerinde näsaga hem öwredýärler.

Diliň we äňleriň käbir ýerlerinde ýerleşen howply çişinde, haçanda agyz boşlugynda ýerleşen çiş başy ganap başlanynda, başyň üstüne onkologik hassahanalarda giňden ulanylýan ýörite gan saklaýjy melhemi ýuka çalyp hasa ýaglyjagyny goýmak maslahat berilýär.

Ýüzde ýerleşen çiş başlaryna seredilende, sargy goýmak we ony çalşyryp durmak hökmandyr. Munuň ýaly çiş başlarynda ulanylýan dermanlar toplumy ýokarda agzalan ýazgy görnüşinde bolup biler ýa-da düzüminde zyýansyzlandyryjy (antiseptik) we ýokanja garşy (antibakterial) serişdeler bolmalydyr. Beýle başlaryň bitmegi mümkin däldir we bar alada onuň iriňlemeginiň öňüni almaga, dargan dokumalary aýyrmaga, gan akmany saklamaga, ýakymsyz ysy azaltmaga gönükdirilen bolmalydyr. Emma şol bir melhemi hemişe ulanmak maslahat berilmeýär. Gan saklaýjy garyndydan başga-da, sintomisiniň 10%-li melhemi, streptosidiň 10% melhemi, wazelin bilen bilelikde kseroformly hasa ulanylyp bilner.

Agyr keseliň soňky döwürlerinde näsagyň ejir çekmeginiň esasy sebäbidir. Köplenç, onkologlar daşky uky arteriýany daňýarlar we kesýärler, bu bolsa näsaglaryň ejirlerini gowy azaldyp bilýär. Keseliň şu soňky döwründe näsagyň ejirlerini ýeňletmegiň ýeke-täk usuly agyry aýryjylary (analgin, diklofenak we ş.m.), käbir ýagdaýlarda bolsa narkotiki serişdeleri ulanmakdyr, ony bolsa maşgala lukmanynyň görkezmesi boýunça şepagat uýalary sançýarlar.

Äň-ýüz töwerekdäki howply (käbir ýagdaýlarda howpsuz) çişler ýokarky dem alyş ýollarynyň golaýynda ýerleşip ulalmagy netijesinde olary gysyp zaýalap bilýärler we munuň netijesinde demikmäniň sebäbi bolup biler. Şu sebäpli hem diliň düýbüniň, damagyň gapdal ýerleriniň we käbir beýleki ýerlerdäki howply çişlerde çykgynsyz ýagdaý döreýänçä garaşyp durman, has gowusy öňünden tertip ýagdaýda we hünärmen tarapyndan emeli kekirdek deşigini-traheostoma goýmakdyr.

Traheostoma goýlandan soňra ýörite gözegçilik zerurdyr. Bu amaldan soňra ilkinji sagatlar we günler gepläp bilmezlik duýgusy, dem alanyndaky adaty däl duýgular, kekirdege salnan turbajygyň gyjyndyrmasy näsagy örän bimaza edýär. Daş-töwerekdäkilere näsagyň heläk boljaklygy belli bolsa-da, oňa bu ýagdaýyň wagtlaýyndygyny we turbajygyň tiz wagtda aýryljakdygyny ynandyrmak zerurdyr.

Näsagda ruhubelent duýgusyny we sagalmaga bolan umydy saklamagyň, otagdan ýüz görülýän aýnalary aýyrmagyň, onuň ýagdaýynyň agyrlygy ýa-da umytsyzlygy baradaky gürrüňlere ýol berilmezligiň wajyplygyny aýratyn belläp geçmek gerek.

## 8.14. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ŞIKESI WE ZEPERLENMESI BOLAN NÄSAGLARYŇ NAHARLANYŞY

Dürli keseller, has beteri-de äň-ýüz töwereginiň ýaralanmalary, az ýa-da köp derejede naharlanmagyň bozulmagyna getirýär. Äň-ýüz töwereginiň çişme keselleri, ýaralanmalary, käwagt bolsa çiş sebäpli geçirilen amallar netijesinde näsaglar adaty iýmiti kabul edip bilmeýärler. Äň-ýüz töwereginiň uly ýaralanmalarynda, çişlerinde, köplenç, agyz boýunça naharlanmak mümkin bolmaýar. Şu sebäpli hem munuň ýaly näsaglary naharlamagy gurnamak wajyp ähmiýete eýe bolýar.

Çeýnemek ukybynyň bozulanlygy sebäpli, näsag üçin iýmit diňe suwuk görnüşinde taýýarlanylmalydyr. Et, dürli ýarmalar ýaly iýmitler üwelmelidir ýa-da owradylmalydyr we degişli gatnaşyklarda dury çorba suwy bilen garylmalydyr. Çörek kakadylyp guradylan görnüşde ulanylýar we ol diňe üwelenden ýa-da sokuda döwlenden soňra süýt ýa-da çorba suwuna garylýar. Iýmit ýokary derejede ýokumly (witaminli) bolmalydyr. Şu sebäpli-de iýmit düzümine hökman ýag, ýumurtga, duz, kakao, gök önüm we miwe şireleri we ş.m. girmelidir. Iýmitiň goýulyk derejesi gaýmagyň suwuklygy ýaly bolmalydyr. Has goýy iýmit näsaglaryň naharlanmagyna kynçylyk döredip biler. Dokluk duýgusyny diňe bir iýmitiň ýokumlylygy bilen däl-de, onuň mukdary bilen hem kesgitlenýändigini ýatda saklamaly. Mundan başga-da, aşgazana ýeterlik mukdarda iýmit barmagy aşgazan şiresiniň we onuň işjeňliginiň kadaly bolmagyna ýardam edýär.

Naharlamagy jüründegine 20-30 *sm* turbajyk dakylan ýörite nahar gabyň kömegi bilen amala aşyrýarlar. Agyz boşlugy zyýansyzlandyryjy ergin bilen ýuwlandan soňra, kesellän ýa-da ýaralanan näsagy naharlamaga girişýärler. Rezin turbajygy agyz boşlugyna, düýbüne çenli salýarlar. Ýörite nahar gabyny egýärler we iýmit agyz boşlugyna akyp başlaýar. Emma näsagyň düwünmezligi üçin onuň bir gezek ýuwdar ýaly mukdaryny rezin turbajygy barmaklar bilen gysyp kadalaşdyrmaly. Şunuň ýaly edip iýmitiň mukdaryny we ony agza akdyrmagyň ýygylygyny sazlaşykly amala aşyryp stomatologik näsaglary naharlaýarlar. Näsaglara, şeýle hem naharlaýan adama bagly bolan kynçylyklar diňe ilkibaşda döreýär. Emma tiz wagtdan näsaglar naharlaýan adamyň kömeginden ýüz öwürýärler we olarda doly derejede iýmitlenmek boýunça endikler we degerli başarnyk döreýär.

Agyz açylmaýan ýagdaýynda (aşaky äň gysylmasy bolanda, döwük sebäpli ilgençekli sim seýikler bilen äňara berkitme bolanda) – turbajyk diş hataryndaky ýok dişiň ýerinden ýa-da iň yzky dişiň aňyrsyndan salynýar.

Agyz boşlugynyň düýbüniň, ýokarky äň zeperlenmelerinde agyz boşlugy boýunça naharlap bolmaýan ýaralananlaryň iýmitlenmegini gurnamakda has köp kynçylyklar döreýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda naharlamagy aşaky burun geçelgesi boýunça gyzylödegiň ýokarky bölegine salnan inçe turbajygyň kömegi bilen amala aşyrýarlar. Örän seýrek halatlarda iýmit suwuklygyny göni içege boýunça goýberýärler.

Iýmitlendirmegiň dogry gurnalmagy näsagyň bedenine ýeterlik mukdarda iýmit maddalarynyň barmagyny üpjün edýär we olarda horlanma alamatlarynyň döremeginiň öňüni alýar. Agyz boşlugyna tarap geçýän ýaralanmasy bolan näsaglaryň güýçli tüýkülik bölüp çykaryjylygyň hasabyna köp mukdarda suwuklyk ýitirýändiklerini ýatda saklamaly. Şu sebäpli hem bedeniň suwunyň azalmagynyň öňüni almak üçin ilkibaşdan rezin turbajygy ulanyp, ýörite nahar gabyndan näsaga suw içirmek gerek.

Äň-ýüz töwereginiň çişi bolan (*onkologik*) näsaglaryň naharlanmalaryny gurnamakda uly kynçylyklar döreýär. Ilkinji nobatda iýmit has ýokumly bolmalydyr, ajygandygyny duýýan näsagyň işdämenligini döretmelidir. Onuň düzümi köp dürli bolmalydyr we näsagyň has köp isleýän iýmitleriniň hemmesini özünde jemlemelidir. Etli naharlary iýmekligi ündemeli däldir, sebäbi bu näsaglarda, köplenç, ete bolan sulhy almazlyk döreýär.

Eger-de nahar görnüşini saýlap almak kän bir kynçylyk döretmeýän bolsa, onda näsagy naharlamagy nähili amala aşyrmak meselesi has çylşyrymlydyr. Köp onkologik näsaglar ömür boýy çemçeden ýa-da turbajyga dakylan ýörite nahar gabyndan naharlanmaga ukyplydyrlar. Emma seýrek bolmadyk halatlarda uzak wagtyň dowamynda näsaglaryň aşaky burun geçelgesinden turbajyk salmaly bolýar we näsaglary diňe şol arkaly naharlamaly bolýar. Adaty duodenal (on iki barmak içege) turbajygyny 12-14 günüň dowamynda aýyrman saklap bolýar, emma her gezek naharlanmadan soňra 200 *ml* gaýnan suwy goýberip, näsagy suwdan gandaryp, ony ýuwmaly. 12-14 günden soňra turbajyk çalşylmalydyr, sebäbi aşgazanda duran onuň uç bölegi aşgazan şiresine sezewar bolýar we ýuwaş-ýuwaşdan zaýalanýar. Diliň düýbüniň, damagyň gapdal taraplarynyň howply çişinde wagtyň geçmegi bilen gyzylödegiň üsti boýunça aşgazana ikilenç turbajyk salynmagynyň örän kynlaşmagyna ýa-da ony amala aşyryp bolmazlygyna getirip biler. Bu ýagdaýy öňünden çaklap bolýar, döräp biljek kynçylyklaryň öňüni alyp bolýar. Beýle ýagdaýda gastrostoma (garnyň öň tarap diwaryndan aşgazana deşik döredilmegi) hökmandyr. Soňky döwürde hirurg tarapyndan aşgazana salnan rezin turbajyga berkidilen aýna guýguç arkaly naharlanmaklygy ýola goýýarlar.

Stomatologik näsaglaryň dogry gurnalan naharlanmasy olaryň gysga wagtda sagalmagynyň wajyp şertleriniň biridir.

## 8.15. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ŞIKES ZEPERLENMELERINIŇ GAÝRÜZÜLMELERI

Äň-ýüz töwereginiň şikes zeperlenmeleri şikes alnan pursady (şol wagt döreýän gaýrüzülmeler), ulagda alnyp barylýarka we ilkinji ýa-da ýöriteleşdirilen kömek berilýän wagty (irki gaýrüzülmeler), näsagyň bejergi döwri (giçki gaýrüzülmeler) dürli gaýrüzülmeler bilen geçip bilerler.

Şikes alnan pursady we şikesden soňky ýakyn döwürde döreýän ***şol wagt döreýän we irki gaýrüzülmelere*** demikme (asfiksiýa) we ýiti dem alyş ýetmezçiligi, gan akma, kelle-beýniniň sarsgyny, kelle-beýniniň müçükmesi, koma we şikes şogy degişlidir.

***Giçki gaýrüzülmelere*** ikilenç gan akmalar, öýken gaýrüzülmeleri, äň gysylmalary, süňk bölekleriniň nädogry birleşmegi, haýal birleşmegi we ýalan bognuň emele gelmegi, şikes osteomiýelidi we ýokarky äň boşlugynyň şikes çişmesi degişlidir.

Hirurg-stomatolog äň-ýüz töwereginiň şikesleriniň aýratynlyklary netijesinde döreýän gaýrüzülmelerde kömek bermek usullaryny hem bilmelidir.

### 8.15.1. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde şol wagt döreýän we irki gaýrüzülmeler

#### 8.15.1.1. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde döreýän demikme (asfiksiýa), ýiti dem alyş ýetmezçiligi we öýken gaýrüzülmeleri

**Demikme** – ejir çekeniň janyna gönüden-göni howp salýan gaýrüzülmedir. Äň-ýüz zeperlenmelerinde döremeginiň sebäplerine baglylykda demikmäniň 5 görnüşi bolýar:

1. *Ýerinden süýşme (dislokasion) demikmesi.* Aşaky äň, aýratyn hem onuň eňek böleginiň, döwük bölekleri süýşende, diliň damaga tarap süýşmegi netijesinde döreýär. Diliň köki yza süýşmek bilen bokurdak ketirdewügini basýar we bokurdaga girelgäni ýapýar. Gaýragoýulmasyz kömek: ejir çekeni gapdalyna (zeperlenme tarapyna) ýa-da agzy we burny (ýere, zemmer araba we ş.m.) degmez ýaly edip, ýüzüni aşak ýatyrmaly. Mümkin bolan ýagdaýynda dilini kese tekizlik boýunça iňňe geçirip, ýüpek sapagy almaly we onuň uçlaryny boýnuna berkitmeli. Näsag ulagda alnyp barylýarka dil şikeslenmez ýaly, dişleriň kesiji gyralarynyň arasynda durmaly däl. Dil boýnunyň daşyna aýlanan ujy iňňebagjykly hasa zolagy bilen hem berkidilip bilner. Kähalatlarda ulanylýan ülňüleýin ulag sargysy aşaky äň döwük böleklerini oňaýly ýagdaýda saklamak bilen, diliň köküniň yza süýşmeginiň öňüni alýar we ýerinden süýşme demikme howpuny aradan aýyrýar.

Aşaky äň ok degen döwügi diliň ýaralanmasy bilen geçip biler. Dil ikä, has erbedi üçden hem köp bölege bölünende (kese ýerleşen ýaralarda), üç böleginde ony tikip sapaga almak netije bermeýär. Şeýle ýaralanany ýüzüni aşak edip ýatyrmaly. Näsag arkan ýatan ýagdaýynda dem alyş ýollarynyň howa geçirijiligini üpjün etmek örän kynlygy ýa-da kähalatlarda bolsa mümkin däldigi sebäpli soňraky döwürde kekirdekde deşik döretmek görkezilendir.

2. *Petiklenme (obturasion) demikmesi.* Ýokarky dem alyş ýollaryň özge jyns, gusuk zatlary, gan lagtasy bilen ýapylmagy netijesinde döreýär. Olary agzyň damak

böleginden barmaklar, ujy hasa tokgaly gysgyç bilen aýyrmak howanyň erkin geçmegini üpjün edýär we demikmäni aýyrýar. Dili tikip sapaga almak demikmäniň öňüni alman, onuň tersine, özge jynslaryň aşak, bokurdaga we kekirdege düşmegine ýardam edýär hem-de ýagdaý has-da agyrlaşyp biler.

3. *Gysylma (stenoz) demikmesi.* Ses perdeleriniň we bagjygasty dokumalaryň ýellenmekleri ýa-da bokurdagyň yzky böleginiň gan inmesi bilen gysylmasy netijesinde döreýär. Demikmäniň bu görnüşini diňe hassahana şertlerinde degerli barlaglar geçirilende ýüze çykarmak mümkin. Boýnuň ganaýan damaryny daňmak bilen inen gany aýyrmak we ýellenmä garşy bejergini geçirmek beterleşip barýan dem alyş ýetmezçiliginiň öňüni alýar. Dem alyş ýetmezçiligi beterleşip başlanynda ýüzük şekilli kekirdewük boýunça bokurdagy deşmek, galkan – ýüzük şekilli bagjyk ýa-da halkalar boýunça kekirdegi ýogyn iňňe bilen deşmek bolar, görkezmeler bolan halatynda, kekirdekde deşik döretmek bolar. Dili tikip sapaga almak görkezilen däldir.

4. *Gabsajykly (kliapanly) demikme.* Ýumşak kentlewügiň ýa-da damagyň yzky diwarynyň dokumalary ýyrtylanda, haçanda dem alanyňda ýumşak dokumanyň sallanyp duran kesim bölegi sorulýar we gabsajyk ýaly ses yşy boýunça kekirdege we bronhlara barýan howany ýapýar. Demikmäniň bu görnüşi ýalňyşlyk bilen petiklenme demikmesi diýlip kabul edilip bilner. Emma damagyň agyz böleginden barmak bilen özge jynsy aýyrjak bolup synanyşylanynda ýumşak dokumalaryň kesim bölegini ýüze çykarmak bolýar. Şunuň ýaly ýagdaýlarda gabsajykly demikmesi bolan näsaglary gapdalyna ýatyrylan (zeperlenme tarapynda) ýa-da ýüzüni aşak sallap oturan ýagdaýynda ulagda alyp gitmek bolar. Kekirdekde deşik döretmek mümkin bolmadyk çykgynsyz ýagdaýlarda, ýüzük şekilli kekirdewük boýunça bokurdagy deşmek ýa-da galkan-ýüzük şekilli bagjyk ýa-da halkalaryň aralary boýunça kekirdegi ýogyn iňňe arkaly deşmek bilen ejir çekeniň jany halas edilip bilner. Düýpli kömek bermek ýumşak dokumalaryň kesim bölegini dogry ýagdaýynda tikmekde ýa-da saklap bolmadyk ýagdaýynda ony kesip aýyrmakda jemlenendir. Ony hirurg-stomatolog amala aşyrýar.

5. *Demine maddalaryň düşmegi netijesindäki (aspirasion) demikme.* Kekirdege we bronhlara gusuk maddalary, gan lagtalary, agyz boşlugyndaky zatlaryň düşmegi netijesinde döreýär. Kömek bermeklik kekirdekde deşik döretmekde hem-de öňüni alyş maksady bilen geçirilýän kekirdek-bronh şahalaryny sorduryp arassalamakda jemlenendir. Kähalatlarda agyz boşlugyndaky zatlary sanjawaç, armyt şekilli jürdekli rezin pökgi bilen sordurmak peýdaly bolup biler, emma bu çäre demikme ýagdaýynda netijesizdir.

Demikmä garşy geçirilýän çäre hökmünde, eger-de munuň üçin degişli şertler bolanynda, kekirdege turbajyk salmaklygy amala aşyryp bolar.

**Ýiti dem alyş ýetmezçiligi.** Ýiti dem alyş ýetmezçiligi – äň-ýüz şikesi bilen ejir çekenlerde ýüze çykýan seýrek bolmadyk gaýrüzülmedir. Ol ýokarky dem alyş ýollarynyň oňat howa geçirijiligi bolanynda hem ýüze çykyp biler, haçanda dem alyş synasynyň – öýkenleriň zeperlenmegi bilen kadaly gaz çalşygy kynlaşanynda

ýiti dem gysma we gögerme döremegi bilen geçýär. Kömek burun turbajyklary ýa--da bihuş ediji enjamyň nikaby arkaly bedene kislorod dem bermek bilen geçirilýän bejergi çäresinde jemlenendir. Munuň ýaly näsagyň bejergisini ýöriteleşdirilen bölümde anesteziolog-reanimatolog geçirýär.

**Öýken gaýrüzülmeleri.** Öýken gaýrüzülmeleri ejir çekeniň sowuklamasy, agyz boşlugynyň suwuklygynyň we başga zatlaryň dem bilen kekirdege we bronhlara düşmegi, agyzdan dem alynmagy netijesinde emele gelýär. Köplenç, bu gaýrüzülmeler ýuwdunma işjeňligi bozulan näsaglarda we dem alyş ýetmezçiligi dörän ýagdaýlarynda, aýratyn hem damak girelgesi, damak, diliň köki, ýumşak we gaty kentlewük, aşaky äň burçunyň we şahasynyň töwerekleriniň zeperlenmelerinde döreýärler. Demine maddalaryň düşmegi netijesindäki öýken çişme keseli şikesden 4-6 günden soňra emele gelip biler.

Bu gaýrüzülmeleriň öňüni alyş çäreleri äň-ýüz töwereginiň ýumşak dokumalarynyň we süňkleriniň zeperlenmelerinde öz wagtynda berlen ýöriteleşdirilen kömekde, öz wagtynda bellenilen ýokanja garşy bejergide jemlenendir. Agyz boşlugynyň oňat arassaçylyk ýagdaýy we naharlanan wagty iýmitiň näsagyň demine düşmeginiň öňüni almagyň, döş kapasasynyň agyzdan akýan tüýkülik bilen ezilmegini aýyrmak üçin ulanylýan kirlik bilen goramagyň, irki dem alyş maşklaryň we umumy beden berkidiji maşklaryň uly ähmiýeti bardyr. Käwagt atropiniň sulfatyny bellemek bilen tüýkülik mäzleriň işjeňligini peseltmek maksadalaýykdyr.

### 8.15.1.2. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde gan akmalar

Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde gan akma ilkinji (şikesde şol wagt döreýän) we şikesden birnäçe wagt geçeninden soňra ýüze çykýan ikilenç (irki we giçki) bolup biler. Irki ikilenç gan akma ejir çeken ulagda alnyp barylýarka, gan lagtasynyň gopmagy netijesinde ýa-da äň döwükleriniň ygtybarly bolmadyk ulag berkitmesi bolanynda, gan damarlaryň üzülmegi netijesinde şikesden soňraky ilkinji 4–48 *sagadyň* dowamynda döreýär. Giçki ikilenç gan akmalar gan lagtasynyň ýa-da zeperlenen damaryň diwarynyň 7–14 günden soňra iriňli çişme hadysa bilen eremegi ýa-da 3–4 hepde we ondan-da soň gan damarynda baş döremegi netijesinde döräp biler.

Ilkinji gan akmada berilýän ilkinji kömek – ganaýan ýara basyp duran sargy goýmakdyr. Güýçli gan akma bolan halatynda, şol ýeriň gan üpjünçiligini amala aşyrýan damaryň barmak bilen basylyp saklanylmagy görkezilendir.

Umumy uky arteriýany barmaklar bilen boýnuň VI oňurgasynyň kese ösüntgisine basyp saklaýarlar. Boýnuň derisinde ugur görkeziji ýer galkan şekilli ketirdewügiň ýokarky gyrasy boýunça geçirilen kese çyzygyň döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň öň tarap gyrasy boýunça kesişme nokady bolup durýar. Bu nokatda arteriýany eliň başam barmagy bilen oňurga tarap basmaly we eliň beýleki barmaklaryny boýnuň arka ýüzünde saklaýarlar (*150-nji a, b suratlar*).



a) b)

*150-nji a, b suratlat.* Umumy uky arteriýany barmak bilen basmaklyk:
*a* – galkan şekilli ketirdewügiň ýokarky gyrasyny tapmak; *b* – uky arteriýany basmaklyk

Ýüz arteriýasyny esasy çeýneýiş muskulynyň öň tarap gyrasynyň aşaky äň aşaky gyrasy bilen kesişýän ýerinden biraz öňden basýarlar, ýüzleý çekge arteriýany bolsa gulak serkesinden (gulak ýelkeniniň öňündäki kekirdewükden) 1 *sm* ýokaryk we öňe süýşüp basmaly.

Umumy uky arteriýa basyp duran sargy hem goýup bolar. Näsagyň sagdyn tarapyndaky elini kellesine goýýarlar. Zeperlenme tarapdan boýna umumy uky arteriýanyň üstünden dolanan dykyz hasa ýa-da pamyk goýýarlar we sagdyn tarapda bokurdagy, kekirdegi we umumy uky arteriýany gysylmadan goraýan eliň üsti boýunça berk sargy goýýarlar.

**Ikilenç gan akmalar** gan lagtasynyň ýa-da gan damar diwarynyň iriňläp eremegi (7–14 günden soňra), şeýle hem gan damar diwaryna özge jyns, süňk bölejigi direlip, ýagyr bolup zeperlenmegi netijesinde döreýärler. Beýle gan akma şikesden 3–4 hepde soňra ýa-da ondan hem giç ýüze çykyp biler. Gaýrüzülme duýdansyz, köplenç, gije ýüze çykýar. Käbir näsaglarda bu gaýrüzülmäniň öňünden bildiriji aşakdaky alamatlaryny ýüze çykaryp bolýar: ýarada agyrynyň döremegi ýa-da onuň güýçlenmegi, sarga has köp gan siňmegi, tüýkülikde gan görünmegi, boýunda we agyz boşlugynyň düýbünde çişme alamatlarynyň ýüze çykmagy.

Ikilenç (giçki) gan akma howpy bolan hemme näsaglary amal otagynyň golaýynda saklaýarlar. Olary ygtybarly gözegçilikde saklaýarlar. Ilkinji kömek berlen ýagdaýynda ganaýan ýarany hasa bilen dykalamak ýa-da barmak bilen umumy uky arteriýany basyp saklamak gerek. Giçki ikilenç gan akmany diňe ol ýeri gan bilen üpjün edýän sütün damary bellibir daşlykda daňmak arkaly, seýrek halatlarda ýaranyň içinde ganaýan damary iki sany daňy bilen ony ýumşak dokumalara tikip berkitmek bilen ygtybarly saklamak bolar. Gan akma saklanandan soňra näsaglara 7–10 günüň dowamynda berk düşekde ýatmak düzgüni bellenilýär, gözegçilik üçin ýörite nobatçy ýeri berkidilýär.

Ilkinji lukman kömegi berlen ýagdaýynda, eger-de damara gysgyç goýup bolýan bolsa, gan akma ýaranyň içinde damary daňmak bilen saklanyp bilner. Hü-

närmen lukman we ýöriteleşdirilen kömek berlen ýagdaýynda diňe bir ýaradaky damar daňylman, eýsem, bellibir daşlykda hem daňylmalydyr (görkezmeler bolanynda). Ikilenç gan akma howpy bolan näsag amal geçirilýän otagyň golaýynda saklanylmalydyr we oňa aýratyn ygtybarly gözegçilik edýärler.

Irki ikilenç gan akmada ýaranyň gyralary açylyp, onuň içinde damar daňlyp ýa-da eger ony ýarada tapmak mümkin bolmasa, bellibir daşlykda iri damary daňmak bilen saklanylyp bilner.

Boýnuň gan akýan ýarasy açylyp barlanylmazyndan öňünçä, döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň öň tarap gyrasy boýunça geçirilen kesim bilen boýnuň damarly dessejigini açýarlar. Umumy uky arteriýanyň we içki boýuntyryk wenanyň aşagyndan gerek bolsa daňar ýaly sapak geçirýärler we diňe şondan soňra ýarany açyp barlamagy we onuň içindäki damarlary daňmagy amala aşyrýarlar.

Daşky uky arteriýa degişli bolan uly arteriýalar zeperleneninde, bellibir daşlykda olary daňmagy amala aşyrýarlar.

**Daşky uky arteriýany daňmak.** Näsag pilçeleriniň aşaklaryna eplenen düşekçe daşy goýlan ýagdaýda arkasyna ýatyrylýar. Kellesi arkan gaýşan we garşy tarapa öwrülen. Aşaky äňiň burçunyň deňesinden döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň öň tarap gyrasy boýunça aşaklygyna 5-6 *sm* uzynlykda kesim geçirýärler. Derini, derasty ýagly gatlagy, ýüzleý gatlagara dokuma bardasyny we derasty muskuly, boýnuň öz gatlagara dokuma bardasyny kesip açýarlar. Döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň içki gyrasyny açýarlar. Muskulyň ýerleşýän ýeriniň öň tarapyny kesip açýarlar we muskuly daş tarapa süýşürýärler. Muskulyň ýerleşýän ýeriniň yzky diwaryny kesip açýarlar. Uky arteriýanyň üstünde ýerleşen wena sütünlerini we dilasty nerw ulgamy kütek ýol bilen gapdala süýşürýärler. Eger-de umumy ýüz wenany gapdala süýşürip bolmaýan bolsa, onda ony daňýarlar we kesýärler. Soňra umumy uky arteriýanyň gatlagara dokuma bardasyndan emele gelen ýerini açýarlar, ol we içki boýuntyryk wena boýunça ugur alýarlar. Bu damarlaryň arasy boýunça olaryň aňyrsynda azaşan nerw ýerleşýär we ony hem boşatmak gerek. Soňra umumy uky arteriýa boýunça galkan şekilli kekirdewükleriň ýokarky gyrasynyň deňesinde onuň şahalanmasyna barýarlar. Daşky uky arteriýa içgin we öň tarapda ýerleşýär hem-de uly şahalara bölünýär, içki uky arteriýa bolsa şaha bölünmeýär. Daşky uky arteriýa içki boýuntyryk wenadan we azaşan nerw ulgamynda goparylyp aýrylanyndan soňra, onuň aşagyndan içki boýuntyryk wena tarapdan iki sany sapak geçirýärler we olary ýokarky galkan şekilli we dil arteriýalaryň aralary boýunça, biri-birinden 1 *sm* daşlykda daňýarlar. Arteriýany goýlan sapak düwünleriniň arasy boýunça kesýärler. Merkezi tarap arteriýa ujuna ikinji sapak düwnüni goýmak maksadalaýykdyr. Sapak düwünlerini goýmakdan öňünçä daňylýan arteriýany gysgyja almaly we şol tarapdan ýüzleý çekge arteriýasynyň damar urgusynyň aýrylandygyny barlamaly.

Umumy we içki uky arteriýalary daňmak iň bir islenilmeýän, emma çykgynsyz çäredir. Sebäbi näsaglaryň 50%-de merkezi nerw ulgamynda güýçli zeperlenme

ýüze çykýar, näsaglaryň 25%-i amal sekisinde aradan çykýarlar we diňe 25%-de bu amal agyr gaýrüzülmeler döremezden geçýär.

**Dil arteriýasyny daňmak.** Äňasty töwerekde aşaky äň aşaky gyrasyna ugurdaş we ondan 2 *sm* aşakdan 6 *sm* uzynlykda kesim geçirýärler. Derini, derasty ýagly gatlagy, boýnuň ýüzleý gatlagara bardasyny, derasty muskuly boýnuň öz gatlagara dokuma bardasynyň daşky gatlagyny kesip açýarlar. Äňasty tüýkülik mäzini açýarlar we ony boşadýarlar hem-de ony ýokaryk we içgin süýşürýärler. Äň-dilasty muskulyň yzky gyrasynyň (öň tarapdan), iki garynjykly muskulyň yz tarap garynjygynyň siňiriniň (yz tarap) we dilasty nerw ulgamynyň (ýokardan) aralarynda ýerleşýän Pirogowyň üçburçlugy boýunça ugur alýarlar. Üçburçlugyň çäklerinde dilasty-dil muskuly ýerleşýär, ondan içgin bolsa, dil arteriýasy geçýär. Usullylyk bilen dilasty-dil muskulyň süýümlerini gysgyç bilen süýşürýärler we dil arteriýany açýarlar hem-de sapak bilen daňýarlar. Seresaplylyk bilen işlenilmedik ýagdaýynda damagyň diwarynyň açylmak howpy bardyr.

**Ýüz arteriýasyny daňmak.** Äňasty töwerekde aşaky äň aşaky gyrasyna ugurdaş we ondan 2 *sm* aşakdan 5 *sm* uzynlykda kesim geçirýärler. Kesim aşaky äň burçunyň 1 *sm* öňünden başlanmalydyr. Derini, derasty ýagly gatlagy, boýnuň ýüzleý gatlagara bardasyny, derasty muskuly kesip açýarlar. Aşaky äň aşaky gyrasyny kesip geçip, esasy çeýneýiş muskulyň öň tarap gyrasy boýunça ýüzüň arteriýasy ýerleşýär we ony şu ýerde boşadýarlar we daňýarlar. Ýüzüň arteriýasy bilen bilelikde, onuň yzy boýunça ýüzüň wenasy geçýär, ýagny ýüzüň arteriýasynyň we esasy çeýneýiş muskulyň öň gyrasynyň aralarynda ýerleşýär.

### 8.15.1.3. Äň-ýüz töwereginiň zeperlenmelerinde şikes şogy we kelle – beýni zeperlenmeleri

**Kelle-beýniniň sarsgyny.** Kelle-beýniniň sarsgyny beýniniň işjeňlik bozulmasy bolup, zeperlenmäniň agyrlyk derejesine bagly bolan dowamlylykda we dürli derejede näsagyň huşunyň ýitmegi bilen häsiýetlendirilýär. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda şikesden soňra we huşuna gelýän wagty näsag gusup biler. Gusulan zatlaryň demi bilen kekirdege düşmegi mümkin we bu huşunyň ýok wagty ejir çekeniň demikmeden ölmegine eltip biler. Näsaglar kellagyrydan, baş aýlanmadan, ýürek bulanmadan, gulak saňňyldysyndan, ysgynsyzlykdan, göwnüçökgünlikden arz edýärler. Damar urşunyň, dem alşynyň ýygylygy peselýär, gözüniň ygtyýarsyz titremegi, göreçleriniň daralmagy ýüze çykýar, bolup geçen zatlara huşsuzlyk döreýär.

**Kelle-beýniniň müçükmesi.** Kelle-beýniniň möçükmesinde beden bütewüliginiň zeperlenmesi, köplenç, onuň sarsgyny we kelleçanagyň düýbüniň döwügi bilen baglanyşykly bolýar. Kelle-beýnide dürli ölçeglerdäki zeperlenme ojaklary emele gelýär. Beýnijigiň gabyk, çal gatlak bölegi şikes täsirine onuň içki, ak gatlak bölegine garanyňda has durnukly bolýar.

Kelle-ýüz şikesi bolan näsaglaryň müçükme ýeri seýrek bolmadyk halatlarda şikes ýeten ýeriniň garşylykly tarapynda ýerleşýär. Umumy beýni (kelle agyrysy, başaýlanma, ýürek bulanma, gaýtarmak) we ojaklaýyn (doly we doly däl ysmazlar, ten duýgurlyk bozulmasy, göreçleriň deňsizligi, ýeňse muskullarynyň dartgyny we ş.m.) alamatlaryň utgaşmasy görnüşinde häsiýetlendirilýän nerw işjeňlik bozulmalary (sopor, koma), ruhy-aň bozulmalar hem seýrek däl.

Äň döwügi we kelle-beýni şikesi bolan näsagyň ulagda dogry alnyp gidilmegini üpjün etmek gerek. Ol gapdalyna (döwük tarapyna) ýa-da Trendelenburg boýunça hal-ýagdaýynda (kellesi göwresinden pesde ýerleşen) ýatyrylmaly, bu bolsa ganyň, tüýküligiň, gusuk zatlarynyň dem alyş ýollaryna düşmeginiň öňüni alýar. Dem alyş ýollarynyň arassalygyna gözegçilik edip durmaly, dem almaga kislorod bermeli. Öňüni alyş çäre görnüşde ýokanja garşy dermanlary bellemeli. Huşsuz ýagdaýyndaky näsagy agzy boýunça iýmitlendirmek bolmaýar. Soňraky döwürde güýçli depginde beden suwsuzlandyryş bejergi geçirmek görkezilen. Kelle-beýni şikesi bolan, aýratyn hem kelle-beýni müçükmesi bolan näsaglar hökmany suratda neýrohirurg lukmany tarapyndan barlanylmalydyr we gerek bolan bejergini almalydyr.

**Koma.** Koma huşunyň çuňňur ýitmegi, duýgurlygyň ähli görnüşleriniň (hereket, deri, görüş, eşidiş, ys alyş) we içki synalarynyň işjeňliginiň bozulmagy bilen häsiýetlendirilýär. Komanyň sebäbi kelleçanagyň şikesi, kelle-beýnä gan inmegi bolup biler. Komatoz ýagdaý beýniniň kislorod ýetmezçiligi esasynda döreýär, bu bolsa onuň çişmegine getirýär. El-aýak tutgaýlary we ýeňse muskullarynyň dartgyny kelle-beýni şikesi sebäpli dörän koma häsiýetlidir. Kömek bermek beýniniň kislorod ýetmezçiligine we onuň çişmegine garşy gönükdirilendir.

**Şikes şogy (özünden gitmegi).** Şikes şogy bedeniň jan üçin wajyp işjeňlikleriniň kadalaşygynyň güýçli peselmegi bilen ýüze çykýar. Ol birnäçe sebäpleriň täsir etmeginde – agyry, gan ýitgisi, ganyň zäherlenmesi, üşemeklik netijesinde döreýär. Gan aýlanyşygynyň, dem alşyň, madda alyş-çalşygyň bozulmasy bilen ýüze çykýar. Kelle-beýniniň, ýüregiň, böwrekleriň işjeňlikleri bozulýar. Äň-ýüz töweregiň şikeslerinde şok, köplenç, ýokarky äň döwüklerinde, aşaky äň we beýleki süňkleriň birnäçe döwüklerinde, utgaşykly şikeslerde döreýär. Şoguň janlanma we gowşaklyk döwürleri bar. Janlanma döwürde howsalalylyk hadysalary agdyklyk edýärler. Näsaglar huşunda, howsalaly, biynjalyk bolýarlar. Deri örtükleri solak, göz göreçleri giňelen. Arteriýa gan basyşy birneme peselen bolýar, ýüreginiň çalt urgusy, çalt dem almagy ýüze çykýar. Gowşaklyk döwründe näsagyň huşy ýitýär, göreçleri giňelip, ýagtylygy pes duýýar. Deri örtükleriniň reňki has öçüksi, el-aýaklary sowuk, bakyşy biperwaý bolýar, göreçleri giňelýär we ýagtylygy haýal duýýar, damar urgusy çaltlaşan, sazlaşyksyz, sähelçe bildirýän, pes dolujylykly bolýar. Arteriýa gan basyşy has peselip, beden gyzgyny we arterial gan basyşy (AGB) peselýär. *AGB* peselmesiniň derejelerine baglylykda şogy dürli derejelere bölýärler: I takmynan, 90 *mm* , II 70-90 *mm* , III 50-70 *mm* we IV – 50 *mm*-den pes.

Şok ýagdaýyndaky näsaglara kömek berleninde esasy zat – bu netijeli agyrysyzlandyrmak, gan ýitgisiniň öwezini dolmak, ýylatmak we äň süňk böleklerini berkitmek çäreleridir. Munuň ýaly näsaglaryň bejergisini ýöriteleşdirilen janlandyryş bölümlerde gana suwuklyk guýmak boýunça häzirki zaman çärelerini geçirýärler, bu bejerginiň göwrümini anesteziolog-reanimatolog kesgitleýär. Hirurg-stomatolog haçanda reanimatolog muňa rugsat bereninde, döwlen äň böleklerini oňat berkitmekligi amala aşyrýar

**Gaýragoýulmasyz kömek.** Näsagy düşekde ýatyrmaly we ýuwaşlyk bilen bedenini ýylatmaly. Gan akma tiz we mümkin boldugyça az şikes ýetiriji usullar bilen saklanmalydyr. Dem alşyna ygtybarly gözegçiligi ýola goýmaly we arassa howadan ýa-da kisloroddan dem almagyny üpjün etmeli. Netijeli agyry aýryjy serişde ulanylmaly. Ýürek-damar serişdeleri bellenilmeli: ýürek glikozidleri bolan 0,5 *ml* strofantiniň 0,25%-li erginini ýa-da 1,0 *ml* korglukonyň 0,06 %-li erginini 10-20 *ml* göwrümde glýukozanyň 40%-li ergininde goýberilýär. Ýiten ganyň göwrümini dolmak üçin, 500–1000 *ml* 5-10%-li glýukoza erginini damar içine damjalaýyn goýbermeli. Gan lagtalaýjy 2,0-4,0 *ml* desinony damar içine, 5,0-10,0 *ml* kalsiý hlorunyň 10%-li ergini, damar içine, agyr ýagdaýlarda damar daraldyjy serişdeler – 0,5 *ml* adrenaliniň ýa-da noradrenaliniň 0,1%-li erginini 10,0 *ml* göwrümde glýukozanyň 10%-li ergininde damar içine goýberýärler, emma bu serişdeleri damarlary daraldyp beýniniň, ýüregiň, böwrekleriň, bagryň gan aýlanyşygyny peseldýändikleri üçin mümkin bolsa ulanmak maslahat berilmeýär. Agyr ýagdaýlarda kortikosteroid gormon serişdeleri damar içine ulanýarlar (prednizolon, deksazon, deksemetazon). El – aýaklarynyň ýylamagy we bedeniniň reňkiniň kadalaşmagy oňat alamat bolup, gan ýitgisiniň degerli derejede öweziniň dolunanlygy barada şaýatlyk edýär.

### 8.15.2. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde giçki gaýrüzülmeler

**Giçki gaýrüzülmelere** ikilenç gan akmalar (Ser.: 8.15.1.2.), öýken gaýrüzülmeleri ( Ser.: 8.15.1.1.), äňleriň gysylmalary, süňk bölekleriniň nädogry birleşmegi, haýal birleşmegi we ýalan bognuň emele gelmegi, şikes osteomiýelidi we ýokarky äň boşlugynyň şikes çişmesi degişlidir.

**Äň gysylmagy.** Äň gysylmagy şikes netijesinde döräp, muskul zeperlenmesi görnüşinde wagtlaýyn (başga keseliň alamaty görnüşde, gyjynma jogap duýujylygy) we durnukly bolup biler. Äň durnukly gysylmagy ýumşak dokumalarda uly we çuňňur bertikler, şeýle hem aşaky äňiň başga süňkler bilen birleşmegi netijesinde döräp biler, kähalatlarda bolsa gaýrüzülmäniň sebäbi, olaryň ikisi hem bolup biler. Äň gysylmalarynda amal bejergisi geçirilýär. Ol kitabyň degişli bölüminde giňişleýin beýan edilen.



*151-nji surat*. Aşaky äňiň süňk böleginiň nädogry birleşmegi (bitmekligi) (rentgen surat)

**Süňk bölekleriniň nädogry birleşmegi**, köplenç, wagtynda berilmedik ýöriteleşdirilen kömekden soň, seýiklere ýalňyş gözegçilik edileninde we näsagy alyp barlanyndaky başga ýalňyşlyklar sebäpli ýüze çykýar. Bu ýagdaý dişleýşiň bozulmagyna getirýär. Nädogry birleşen süňk bölekleriniň bejergisi olaryň dogry ýerine ýetirilmeginde we dogry ýagdaýda soňraky berkidilmeginde jemlenendir (*151-nji surat*).

**Süňk bölekleriniň haýal birleşmegi we ýalan bognuň emele gelmegi.** Döreýşi ok degen däl bolan äň döwüklerinde süňk bölekleri öz wagtynda we netijeli berkidileninde olar 4-5 hepdäniň dowamynda bitýärler. 2-2,5 hepdeden soňra ilkinji süňk bertigi emele gelýär we ol süňk böleklerini biri-biri bilen birleşdirýär. Bu süňk bölekleriniň hereketleriniň azalmagy bilen ýüze çykýar, el bilen barlanylanynda döwük ýerindäki dokumalaryň galňamagy kesgitlenilýär. Soňra ilkinji kollagen süýümleriň hekleşmesi – süňke meňzeş we soňra süňk dokumanyň emele gelmegi başlanýar. 4-5 hepdäniň soňuna çenli ikilenç süňk bertiginiň emele gelmegi netijesinde süňk bölekleriniň hereketi aýrylýar.

Süňk bölekleriniň birleşmekleri 2-3 hepde yza hem galyp biler. Muňa witamin ýetmezçiligi, ýokanç keseller, madda alyş-çalşygynyň bozulmalary, suwuklygyny gana bölüp çykaryjy mäzleriň käbir keselleri (süýji keseli) getirip bilýärler. Ýerli sebäpleriň arasynda süňk bölekleriniň ýerlerinden süýşmegi we olaryň yrgyldap durmagy, süňk bölekleriniň arasyna ýumşak dokumanyň düşmegi, süňk dokumasynyň kemtigi, nerw sütünleriniň zeperlenmegi bilen baglanyşykly bolan madda alyş-çalşygynyň bozulmagy we süňk ýaradaky çişme hadysa bellärliklidir. Bu gaýrüzülmäniň bejergisi onuň sebäbini aradan aýyrmakda, bedeniň goranyş güýçlerini ýokarlandyrmakda we zeperlenme ýerinde süňk emele getirip bitmeklik hadysasyna ýardam etmekde jemlenendir.

Kähalatlarda süňk bölekleri asla bitişmeýär we iki süňküň gyralary aýry-aýrylykda barda gaplanyp ýa-da ýumşak dokuma perdejigi döreýän süňk bölekleriniň aralary boýunça hereketli birleşme emele gelýär. Ýalan bogny süňk dokumasynyň 2 *sm*-den uly bolan süňk kemtiginiň netijesi bolan bitmedik döwük bilen bir zat diýip düşünmeli däldir. Ýalan bogun emele geleninde süňk bölekleriň inçelen gyralary biri-biri bilen birleşdiriji dokumaly «petle» şekilinde birleşýär we şol bir wagtyň özünde hem olaryň uç gyralary gabyk gatlaklar we süňk bardasy bilen örtülendir. Ýalan bognuň emele gelmeginiň sebäpleri aşakdakylardyr: aşaky äňiň döwük bölekleriniň giç we ýeterlik däl derejede berkidilmegi,

süňk bölekleriniň arasyna muskul düşmegi, äňiň zeperlenme döwügi, süňk bölekleriniň uçlarynyň ýanynda çişme hadysasynyň döremegi, ýeterlik göwrümde bolmadyk umumy derman bejergi. Näsag barlanylanda, doly birleşmeli döwründe süňk bölekleriniň aralary boýunça hereketiň bolmagy ýüze çykarylýar. Rentgen suratda iki tarapdan hem döwlen ýeri ýapyp duran süňkleriň gabyk gatlary aýdyň görünýärler. Ýalan bognuň bejergisi amal arkalydyr. Süňk dokumasynyň ýetmezçiligi bolmadyk ýagdaýynda süňk bölekleriniň uçlaryny örtüp duran birleşdiriji dokumany aýyrýarlar we basyşly süňk birleşdirme amalyny geçirýärler, 2 *sm*-den uly bolan süňk kemtigi bolanynda süňk plastikasyny ýa-da basyşly-dartyşly süňk birleşdirme amalyny geçirýärler.

**Äňleriň şikes osteomiýelidi.** Aşaky äňiň şikeslerinde – döwüklerinde süňk ýarasynyň geçişi kähalatlarda şikes osteomiýelidiniň döremegi bilen gaýrüzülýär. Ýokarky äň döwüklerinde munuň ýaly gaýrüzülme örän seýrek duş gelýär.

Äň döwügindäki her bir ýokançly çişme hadysasyna osteomiýelit hadysasy hökmünde garamak bolmaýar.

Diňe süňküň ilkinji şikeslenme ýerinde dörän, süňk gyralarynyň şikeslenmedik beýleki, daşgyn ýerlerine ýaýramadyk çişme hadysa süňk ýarasynyň iriňlemegi diýlip aýdylýar. Bu hadysa wagtynda we doly bejergi geçirilende, tiz yzyna gaýdýar, süňklerde çüýreme bolmaýar we erkin ýatan çüýrän süňk bölejikleri emele gelmeýär hem-de süňk bölekleriniň bitişmeklerine düýpli täsir etmeýär.

Aşaky äň döwüklerinde hemişe ýumşak dokumalaryň müçükmesi, ýyrtylmasy, gan inme, ganly boşluk döreýär, olar bolsa absses ýa-da flegmona döremegi üçin oňaýly zatlardyr. Wagtynda iriňli ojagyň kesilip ýarylmagy we geçirilen ýokanja garşy, zähersizlendirme, umumy beden berkidiji bejergi süňk dokumasynyň çüýreme alamatlary döremezden, çişme hadysasynyň aýrylmagyna getirýär. Emma äňýany ýumşak dokumalaryň iriňli keseliniň doly göwrümde we öz wagtynda geçirilmedik bejergisi şikes osteomiýelidiniň döremegine getirip biler.

Şikes osteomiýelidinde döwük yşyndan bellibir daşlykda ýerleşen başlangyç zeperlenmesi bolmadyk süňk dokumasynyň iriňli-çüýreme hadysasynyň döreýänligi häsiýetlidir. Şikes osteomiýelidiniň döremegine aşakda sanalan sebäpler ýardam edýär: näsagyň bejeriş edarasyna giç ýüz tutmagy; öýjükli ösüntginiň nemli bardasynyň ýyrtylmagy bilen agyz boşlugyndan döwük yşy arkaly süňk dokumasyna ýokanjýň düşmegi; döwük yşynda dişleriň (kökleriň) ýa-da süňk dokumasynyň gan we nerw üpjünçiligini erbetleşdirýän, onuň golaýynda ýerleşen üznüksiz ýokanç ojagy bolan dişleriň bolmagy; zeperlenme ýeriniň dokumalarynyň sebitleýin gan aýlanyşygynyň we madda alyş-çalşygynyň bozulmagy; äň bölekleriniň wagtynda geçirilmedik we doly netijeli bolmadyk berkitmesi; näsagyň bedeniniň kesele garşy işjeňlik jogabynyň we onuň mahsusy däl goranyşynyň peselmegi. Oňaýsyz şertler bolanynda süňk ýarasynyň iriňlemegi başlangyç zeperlenmesi bolmadyk süňk dokumasynyň çüýremegi bilen tamamlanyp biler (*152-nji surat*).



*152-nji surat*. Aşaky äňiň bedeniniň şikes osteomiýelidi (rentgen surat)

Şikes osteomiýelidi, köplenç, utgaşykly şikesi bolan näsaglarda döreýär: haçanda agyrlygy agdyklyk edýän zeperlenmäniň häsiýetine baglylykda näsagyň döwük-ýenjik (neýrohirurgiýa we ş.m.) bölümlerde bolýan wagtynda we äň döwügi boýunça ýöriteleşdirilen bejergi bile geçýän agyr keseller bolanynda, bejeriş düzgünleri berjaý edilmäninde we agyz boşlugynyň arassaçylygy kanagatlanarsyz bolanynda.

Şikes osteomiýelidini geçişi boýunça ýiti, ýarym ýiti we üznüksiz döwürlere bölýärler.

Şikes osteomiýelidiniň ýiti döwri onuň diş sebäpli dörän görnüşinden tapawutlylykda az joşgunly we bildirip duran zäherlenme alamatlary bolmazdan geçýär. Bu ýagdaý kesel dörediji ýokançlaryň (aglaba ýagdaýlarda gan öýjüklerini dargadyjy stafilokokklaryň) süňk dokumasynyň içine has çuň aralaşmagy bilen baglanyşyklydyr. Açyk ýaranyň bolmagy çişme hadysa suwuklygynyň akyp çykmagyna şert döredýär, ýokançlaryň ýaşaýşynda bölünip çykýan we dokumalaryň dargaýan maddalarynyň bedene siňmegini peseldýär, bularyň hemmesi bolsa bedeniň zäherlenmesini peseldýär.

Şikes alnan pursadyndan başlap, ýiti döwrüniň döreýän möhletleri dürli bolup biler (2-3, 5-7 we ondan-da köp gün). Näsagyň ýagdaýy düýpli erbetleşýär, bedeniň gyzgyny ýokarlanýar, bedeni çygjaryp başlaýar, döwük sebitinde agyry güýçlenýär. Äňýany ýumşak dokumalarda ilkibaşda ýellenme, soňra çişme gataňsylygy döreýär, ol ýerde bolsa soňabaka ýumşak dokuma iriňli ojaklary (absses, flegmona) ýüze çykýar. Döwük ýeriniň nemli bardasy hem ýellenýär, süňk bardasy çişme suwuklygy bilen dykyzlaşýar, soňra bolsa süňk -bardasty iriňli ojak emele gelýär.

Bu döwürde keseliň bejergisi iriňli ojaklary kesip ýarmakda, äňýany ýumşak dokumalardaky ýiti çişme hadysa alamatlaryny ýok etmeklige gönükdirilen derman bejergini geçirmekden ybaratdyr. Döwük yşyndan dişi hökman sogurmak gerek, eger-de ýiti çişme hadysa döremezinden öň amala aşyrylmadyk bolsa, onda döwük bölekleriniň oňat berkitmesini berjaý etmeli. Iriňli ojak döräninde süňk dokuma bardasyna seresaply çemeleşmek gerek (ony süňkden goparmaly däl).

Eger-de şikes osteomiýelidi dörän bolsa, onda ýokarda geçirilen bejergiden soňra gutarnykly sagdynlaşma döremeýär. Amaldan soňky ýara doly bitmeýär, az iriň çykýan deşikler emele gelýär. Käwagt olardan düwür-düwür dokumalar çogup çykýar. Deşikler deride, sogrulan dişiň ýerinde ýa-da nemli bardanyň başga ýerlerinde döräp bilýärler. Olardan uzak wagtlap iriň çykýar we adatça, özbaşdak bitmeýär. Näsagyň umumy özüni duýşy oňatlaşýar. Gan barlagynyň görkezijileri kadalaşýar. Kesel ýarym ýiti, soňra bolsa üznüksiz häsiýete geçýär. Ölen doku-

manyň sagdyn dokumadan bölünip çäklenme hadysasy çüýrän süňk bölejikleriniň (sekwestrleriň) emele gelmegi başlanýar. Keseliň üznüksiz döwründe çüýrän süňk bölejikleriniň emele gelmegi tamamlanýar (3-4-nji hepdäniň aýagynda, käwagt biraz giç). Süňk dokumasynyň zaýalanmasy bilen bir wagtda onda süňk bertiginiň döremegine ugrugan zeperlenmeden soňra dikelme hadysalary hem bolup geçýär.

Äň döwügi döräninden soňra üçünji hepdede alnan takyk rentgen suratlarda süňk dokumasynyň zaýalanma ojaklaryny ýüze çykarmak bolýar. Süňk döwük bölekleriniň gyralary boýunça süňküň seýrekleşme zolaklary görünýär, bellibir görnüşi bolmadyk dykyz kölege şekilindäki kiçi çüýrän süňk bölejikleri (köplenç, süňk gyrasynda ýerleşen) kesgitlenilip bilner. Olar, köplenç, bu wagta çenli oňat kesgitlenilýän agarma zolagyndan daşgyn ýerleşýärler. Süňk döwük bölekleriniň aralary boýunça sähelçe bildirýän, güýçli bolmadyk kölege emele gelýän süňk bertigi bildirýär.

Ýarym ýiti döwürde bejergi çüýrän süňk bölejikleriniň we süňk bertiginiň emele gelmelerini tizleşdirmek maksady bolan keseliň ýitileşmesiniň öňüni almaga we bedeniň goranyş güýçlerine ýardam etmäge gönükdirilendir. Munuň üçin, 10-14 günüň dowamynda 1 *gerdejikden* 3 gezek metilurasil, 7-10 günüň dowamynda 1-2 *g* C witamin (böwrek keselleri bolmadyk ýagdaýynda), $B_1$ we $B_6$ witaminler, 5%-li ergin görnüşinde 2 *ml* günaşa (10-15 sanjym), öz ganyny sançmak bilen bejergi, bölekleýin gan syworotkasyny goýbermek, fiziki bejergi usullary, ýokumly iýmitlenmek bellenilýär.

Üznüksiz döwürde, ýokarda getirilen bejergiden başga-da, çüýrän süňk bölejiklerini aýyrmak gerek. Çüýrän süňk bölejiklerini kesip aýyrmak amalyny geçirmek üçin oňaýly wagt şikes ýeteninden 3-4 hepde soňky döwürdir. Emma kesel haýal geçende we süňkdäki çüýrän ýeriň çäklendiriş zolagy uzyn bolanda amal geçirmek möhleti 1-2 hepde gijigýär. Süňkdäki iriňli-çüýreme kesel hadysasy zeperlenmeden soňra emele gelýän süňk dokumasynyň dikelmesini basyp ýatyrýar we ýalan bognuň emele gelmeginiň sebäbi bolup bilýär.

Amaly, köplenç, agyzdan daşryn ýol, köne bertik boýunça dokumalary süňke çenli kesmek bilen amala aşyrýarlar. Döwük süňk bölekleriniň iç ýüzündäki birleşdiriji dokuma birleşmesine zeper ýetirmezden çüýrän süňk bölejiklerini aýyrýarlar. Döwük süňk bölekleriniň gyralaryny ganaýan nokatjyklar görünýänçä, süňküň öýjükli gatlagyna çenli gyryp arassalaýarlar. Döwük süňk böleklerini ýeterlik derejede berkidip bolmadyk ýagdaýynda enjamlar arkaly süňk birleşdirme amalyny geçirmek görkezilen (hökmany ýagdaýda ojaklaýyn däl görnüşi). Süňk kemtigi bolan ýagdaýynda ony başga ýerden geçirilen süňk bilen doldurýarlar. Nemli barda berk tikinler goýmak bilen süňk ýarasyny agyz boşlugyndan oňat edip çäklendirmek gerek. 24-48 *sagadyň* dowamynda içinden suwuklyk çykar ýaly rezin zolak salyp daşky ýarany tikýärler. Agyz boşlugynyň oňat arassaçylygy hökmandyr.

**Ýokarky äň boşlugynyň şikes çişmesi *(sinusidi).*** Ýokarky äň döwüginiň, onuň, köplenç, ok degen görnüşiniň, şikes çişme hadysasy görnüşinde gaýrüzülmesi döräp biler. Emma ol ýokarky äň ok degen däl döwüklerinden ýa-da duluk--ýokarky äň toplumynyň döwüklerinden soňra eger-de ýokarky äň boşlugynyň öň tarap, seýrek halatlarda daş tarap diwarlarynyň süňk bölekleri onuň içine düşen bolsalar hem döräp bilýär. Bu gaýrüzülme ýaranyň ilkinji hirurgik arassalanmasy geçirilmedik bolsa ýa-da ol doly göwrümde geçirilmedik bolsa döreýär.

Boşlugyň diwary zeperlenende onuň içiniň nemli bardasy ýyrtylýar we süňkden gopýar. Ýaranyň bitmegi bilen içi örtgi dokuma bilen örtülen goşmaça boşluk emele gelýär. Wagt geçmegi bilen ýokarky äň boşlugynyň içinde dokuma örgünli zeperlenme emele gelýär. Süňk dokumasynyň açylan ýerleri düwür-düwür dokuma bilen örtülýär. Soňra olar bertik dokumasyna öwrülýär we olaryň içinde daş-töweregi dokuma bilen gurşalan özge jynslar galýar. Bularyň hemmesi ýokarky äň boşlugynda üznüksiz çişme hadysasynyň döremegine şert döredýär hem-de ol gözasty töweregiň bertikli zeperlenen ýumşak dokumalarynda iriň çykýan deşikleriň emele gelmegine getirýär.

Ýokarky äň boşlugynyň şikes çişmesiniň ýiti döwri ýokarky äňe ýanaşyk dokumalarda iriňli ojaklaryň (absses, flegmona) emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şu sebäpli hem, adatça, ony wagtynda anyklap bolmaýar. Üznüksiz döwründe näsaglarda burundan dem almak kynlaşýar, burundan iriň akýar, kellagyry we ýokarky äň töwereginde agyrlyk duýgusy döreýär, çalt ýadaýarlar, kähalatlarda gözasty töweregiň ýumşak dokumalarynda ýellenme döreýär. Gözden geçirilende, gözasty we duluk süňk töwereklerinde bertikler kesgitlenilýär we olaryň aralarynda iriň çykýan deşikler bolup biler. Burnuň içi öň tarapdan gözden geçirilende, burun nowajyklarynyň ulalmagy, orta burun nowajygynyň aşagyndan iriň akyp çykmagy kesgitlenilýär.

Ýokarky äň boşlugynyň şikes çişmesiniň bejergisi amal geçirmek bilen amala aşyrylýar. Ýokarky äň boşlugyny düýpli açmak amalyny geçirýärler. Boşlugyň içini dolduryan bertik dokumalary kesip aýyrýarlar, emele gelen hemme goşmaça boşluklary açýarlar we ýokarky äň boşlugynyň kadaly gurluş çäklerinde ýeke-täk boşluk döredýärler. Aşaky burun geçelgesinde hökman emeli deşik döredýärler hem-de boşluga salnan kseroformly hasa peltäniň ujuny ondan çykaryp, ýarany berk tikýärler.

Başga gaýrüzülmeleriň döremegi hem mümkindir: tüýkülik deşikleriniň döremegi, ýüz nerw ulgamynyň şahalarynyň zeperlenmegi, keşbiniň bozulmagy, ýüz keşbiniň zaýalanmagynyň netijesi bolan aň bozulmasy, çişme häsiýetli gaýrüzülmeler (kelle-beýni gabyklarynyň çişme keselleri, sepsis we ş.m.).

## 8.16. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ŞIKESI BOLAN NÄSAGLARYŇ SAGLYGYNYŇ DIKELDILIŞI

Äň-ýüz töwereginiň şikes zeperlenmeleri bolan näsaglar Saglyk öýüniň (Stomatologiýa merkeziniň) şertlerinde soňraky bejergä mätäçdirler. Ony diş bejeriş merkezlerinde geçirmek maksadalaýykdyr we bu näsaglaryň bejergisinde ýatymlaýyn bejergi bölümi bilen gatnaw şertlerinde bejergi geçirilýän ýeriň aralarynda yzygiderliligi üpjün edýär. Ýüzüniň şikesi bolan näsaglaryň soňraky bejergi tapgyryndaky esasy mesele – dokumalaryň we synalaryň ýitirilen işjeňligini, näsaglaryň zähmete ukypsyzlygyny dikeltmekdir. Saglyk dikeldiş geçirýän stomatologyň ýatymlaýyn bejergi bölüminde iş tejribesi bolmalydyr. Ol döwük bölekleriniň berkidilişiniň netijeliligine gözegçilik edýär, süňk bölekleriniň bitişmegi üçin bejeriş çäreleriň toplumyny geçirýär, gerek bolan halatynda näsaglary täzeden ýatymlaýyn bejergi bölümine ugratmak meselesini çözýär. Beýleki hünärmenler bilen bilelikde hirurg-stomatolog zeperlenen synanyň işjeňliginiň dikelişine gözegçilik edýär, berkidiji seýikleri we serişdeleri aýyrmagyň möhletini kesgitleýär, zähmete ukypsyzlygyň derňew-seljermesini geçirýär. Sagalan näsaglaryň yzygiderli bejergi gözegçiligini şikesden soňky döwürde 5-10 hepde geçeninden soňra bolsa bir ýylyň dowamynda 2 aýdan bir gezek geçirmek maksadalaýykdyr. Ondan soňra näsaglary saglyk dikeldiş merkezindäki gözegçilik hasabyndan aýyrýarlar. Ýüzüniň şikesi bolan näsaglaryň gözegçilik döwründe gaýrüzülme ýüze çykarylanynda, onuň doly bejergisi geçirilenden soň, saglyk dikeldiliş gözegçiligi ýene bir ýyla çenli uzaldylýar.

Zähmete ukypsyzlyk haty – bu wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirmegi sebäpli işden boşamaga we pul kömegini almaga hukuk berýän resminamadyr. Ol diňe näsagyň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy kesgitlenilen gününden başlap berilýär.

Aşaky äň döwükleri bolan näsaglarda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň aşakdaky möhletleri kesgitlenen: ýeke döwüklerde 25-28 gün (agyr fiziki zähmet çekýänlerde 40-43 gün), goşa döwüklerde 29-32 gün (agyr fiziki zähmet çekýänlerde 44-47 gün); üç we köpsanly döwüklerde 30 günden 50 güne çenli. Gaýrüzülmeli döwükleri bolan näsaglaryň zähmete ukypsyzlyk möhleti ýene-de 12-16 gün uzalýar.

Ýokarky äň döwüklerinde şikesiň geçişiniň we zähmete ukyplylyk çaklamasy düýpli mesele bolup biler. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň möhletleri 36 günden 60 güne çenli. Gaýrüzülmeler döräninde ejir çekenler stomatologyň we newropatologyň yzygiderli bejeriş gözegçiliginde bolýar.

Äň-ýüz töwereginiň beýleki süňkleriniň döwüklerinde (duluk we burun süňkleri) zähmete ukypsyzlyk möhletleri ortaça, 7-14 gün bolup biler.

## 8.17. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ŞIKESLERINIŇ ÖŇÜNI ALMAK

Ýol-ulag we ulag däl şikesleriň öňüni almak üçin mekdeplerde köçe hereketiniň düzgünlerini öwretmek boýunça ýörite sapaklar geçirilýär.

Mekdep okuwçylarynyň boş wagtlaryny peýdaly güýmenip geçirmeklerini dogry gurnamak, çagalar üçin döredilen meýdançalar we ýaşaýyş jaýlaryndaky ýörite gurnaklar we başga çäreler çagalaryň saglygyny we ömrüni goramaga ýardam edýär.

Çagalaryň we ulularyň äň-ýüz töwereginiň sport şikesleriniň öňüni almak hususy gorag serişdeleriň we çäreleriň ulanylmagy hem-de guramaçylyk çäreleri bilen geçirilýär. Ýüzüň ýukajyk deri bilen örtülen we ýygy şikeslenip bilýän ýerleri (köplenç, burun arkasy) ýelimli hasa zolagy (leýkoplastyr) bilen örtülýär (mysal üçin, boksda we başa-baş söweş sport görnüşlerinde). Dişler we agzyň ýumşak dokuma synalary (dil, dodaklar) diş hatarlaryna geýdirilýän çeýe material bolan emeli kauçuk – silikondan ýasalan taýýar (standart) kappa geýmek bilen şikeslerden goralýar (sportuň boks we başa-baş söweş görnüşlerinde). Diş hataryna geýdirilýän kappa stomatolog-ortoped lukmany tarapyndan özbaşdak hem ýasalyp bilner. Ýüzüň süňkleri we ýumşak dokumalary tutuş kelle bilen bilelikde içi ýumşak materially emeli deriden tikilen gözenek şekilli şlem geýmek bilen şikesden goralýar.

Sport şikesleriniň öňüni almagyň guramaçylyk çärelerine tälimçileriň, eminleriň we guramaçylaryň sport görnüşleriniň düzgünleriniň dogry berjaý edilişine, türgenleşiklerde we tutluşyklarda türgenleriň agramlarynyň we derejeleriniň deň gelmegine, türgenleşik we ýaryş geçirilýän ýerleriň bildirilýän talaplara gabat gelmegine berk gözegçilik etmek degişlidir.

Sowuk almagynyň öňüni almak ýüzüň açyk ýerlerine hemişelik sowuk täsirini aradan aýyrmakdan we olary sowuk täsirinden goramakdan ybaratdyr. Aýaz günleri türgenleşikleriň we gezelençleriň öňünden çagalaryň ýaňaklaryna we burunlaryna ýukajyk edip ýag çalynmalydyr.

# IX BAP ÝÜZÜŇ ÝANYKLARY, SOWUK ALMAKLYGY WE BILELEŞEN ZEPERLENMELERI

## 9.1. ÝÜZÜŇ ÝANYKLARY

### 9.1.1. Gyzgynlyk netijesinde döreýän ýanyklar

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň (*BSGG*) maglumatlaryna görä, hemme şikesleriň arasynda adam bedeniniň gyzgynlyk netijesinde döreýän ýanyklar üçünji ýerde durýar. Ejir çekenleriň üçden iki bölegi durmuşda eşiginiň ýanmagy ýa-da açyk lowlap duran ýalyn netijesinde, goşlaryň, dürli suwuklyklaryň ýanmagy, elektrik togy ýa-da himiki maddalar netijesinde ýanyga duçar bolýarlar. Ýanyk näsag ýylylyk şöhle saçmasyna duçar bolanynda hem, Gün şöhlesi netijesinde hem döräp biler. Parahat zamanada ýüzüň we kelläniň ýanyklary adamyň bedeniniň ähli ýanyklarynyň 24,5%-e golaýyny tutýar. Ikinji Jahan urşunda uruş gidýän ýerlerde ýüzüň we kelläniň ýanyklary äň-ýüz töwereginiň ähli zeperlenmeleriniň arasynda 3,5%-i tutupdyr. Emma soňky ýyllaryň çäkli harby çaknyşyklarynda (Owganystanda, Demirgazyk Kawkazda) bu zeperlenme görnüşi 1 %-den geçmändir. Ýadro ýaragy ulanylan halatynda ýanyklar ähli zeperlenmeleriň (mehaniki şikes we içgin geçýän şöhlelenme bilen bilelikde) 75%-den gowragyny tutup biler. Harby hereketler ýüze çykanda ýalyn dörediji ýarag serişde hökmünde napalmlar, pirogeller, termit, ak fosfor ulanylyp bilner. Ýanan mahalynda napalmlar 800-1100°C, fosfor 800-1200°C, pirogeller 1400-1800°C, termit 2810-3010°C gyzgynlygy döredýär (*153-nji surat*).



*153-nji surat.* Ýüzüniň we bedeniniň III *b* we IV derejeli ýanyk ýarasy bolan näsag

Ýokary gyzgynlyk dokuma täsir eden ýerinde öýjükleri dikeldip bolmajak derejede zaýalaýar. 51°C we ýokary gyzgynlykda, haçanda gan damarlary boýunça ýylylyk netijeli ýagdaýda ýaýradylyp bilinmäninde dokumalar çalt zeperlenýär. Bu ýagdaýda proteinleriň, ýaglaryň we uglewodlaryň yzyna gaýtaryp bolmaýan bozulmalary ýüze çykýar. Ýylylygy nerw sütünleri we gan damarlary oňat geçirýär, süňk dokumasy bolsa oňat geçirmeýär.

Deri özüniň aşagyndaky dokumalaryň gyzmagyna päsgelçilik döredýär. Şol sebäpli hem onuň bedeniň dürli ýerlerindäki galyňlygynyň gyzgynlyk täsiriniň netijesi üçin ähmiýeti bar. Deriniň galyňlygy 2-den 4 *mm*-e çenli bolýar, ýüzde bolsa onuň ýüzleý gatlagy 0,1-1,17 *mm*–e deňdir.

Ýanyklary 4 derejä bölýärler:

**I dereje.** Deriniň ýüzleý gatlagy zeperlenýär, deriniň gyzarmasy we ýellenmesi, güýçli bolmadyk agyry ýüze çykýar. 2-3 gün geçeninden soňra bu alamatlar aýrylýar, zeperlenen ýüzleý deri gatlagy gataňsy bolýar, ýanyk ýeriň ýüzi özbaşdak bitýär. Ýanyk bolan ýerde birnäçe wagtlap menek saklanyp galyp biler we soňraky döwürde yz galdyrman, ýitip gidýär.

**II dereje.** Diňe bir deriniň ýüzleý gatlagy zeperlenmän, eýsem, onuň çuňňur gatlagynyň ýokarky (emzijekli) bölegi hem zeperlenýär. Gyzaran deri düşeginde sarymtyl dury suwuklygy bolan gabarçaklar emele gelýär. Ýarylan ýagdaýynda onuň düýbünde güýçli agyry duýgularyny döredýän, açyk gyzyl ýa-da gyrmyzy reňkli çygjaryp duran dokumalar kesgitlenilýär. Ýara 1-2 hepdäniň dowamynda bertik emele getirmezden özbaşdak doly bitýär.

**III *a* dereje.** Deriniň ýüzleý gatlagy, çuňňur gatlagynyň emzijekli we torly ýerleri doly zaýalanýar. Diňe tüý haltajyklary we der mäzleri zeperlenmedik bolýar. Ýanygyň ýüzi gabarçaklar, kesmek ýa-da olaryň ikisi bilen hem örtülen bolup biler. Gabarçaklar uly ölçeglerde bolup, onuň diwarlary dartylan bolýar. Olaryň içi sarymtyl reňkli suwuk ýa-da sogaşyk madda bilen dolýar. Ýanyk ýarasynyň düýbi (gabarçagyň aşagynda) açyk gyzyl reňkli, çygly bolýar. Kesmegiň görnüşi balarynyň mumyna ýa-da açyk sary, gögümtil reňkli bolup biler. Onuň ýüzi çeýe, agyry duýgurlygy peselen, ten duýgurlygy saklanyp galan bolýar. Ýanyk ýeriň ýüzüniň 4-6 hepdäniň dowamynda betnyşan bolmadyk bertikleri emele getirip, özbaşdak bitmegi mümkin. Kähalatlarda işjeňlik bozulmalaryna getirýän keloid bertikler emele gelýär.

**III *b* dereje.** Deriniň ýüzleý gatlagy we tüý haltajyklary hem-de der mäzleri bilen bilelikde deriniň çuňňur gatlagy doly zaýalanýar. Aşakdaky dokumalaryň hem zeperlenmegi mümkin. Ýanyk ýeriniň ýüzi sary, çal ýa-da III a derejeli ýanykdaka garanyňda, has beter güýçli goňrumtyl kesmek bilen örtülen bolup biler. Emele gelýän gabarçaklaryň içi ganly suwuklyk bilen dolýar. Ýaranyň düýbi gurak, ak menekler bilen öçügsi ýa-da doly agymtyl reňkli bolýar. Ol mermer şekilinde bolup biler. Agyra duýgurlygy has peselen ýa-da doly ýok. Kesmek öz-özünden aýrylanyndan soňra düwür-düwür dokuma bilen örtülen ýara betnyşan bertikleri emele getirip bitýär. Ýaranyň bitmeginiň möhleti ýanygyň meýdanyna we ýerleşýän ýerine baglydyr. III *a* we III *b* derejeli ýanyklary geçiş alamatlary boýunça özara tapawutlandyrmak kyn bolýar.

**IV dereje.** Deriniň ýüzleý gatlagy we derman bilen bilelikde derasty ýag gatlagy, gatlagara dokuma bardalary, muskullar, kähalatlarda bolsa süňkler hem zaýalanan bolýar. Ýanyk ýeriniň ýüzi dürli galyňlykdaky goňur ýa-da gara reňkli dykyz dokuma çüýrüntgi kesmegi bilen örtülen bolýar. Agyry duýgurlygy bolmaýar. Ýanyk zeperlenmesinden soňraky ilkinji sagatlar diňe kömre dönen görnüş bolanynda IV derejeli ýanygy ynamly kesgitlemek mümkin. IV derejeli ýanyklaryň bitmegi örän haýal bolup geçýär we ol dokumalaryň we synalaryň has uly kemtiklerine getirip biler.

I, II we III a derejeli ýanyklar ýüzleý bolup durýar: bu ýagdaýda deriniň ýüzleý ýa-da çuňňur gatlaklarynyň bölekleri saklanýar we bular ýanyk ýarasynyň özbaşdak bitmeginiň başlangyjy bolup durýar. III b we IV derejeli ýanyklar çuňňur bolýar. Bularda deri örtügi özbaşdak dikelmeýär.

Ýanyk döräninden soňra ilkinji sagatlar onuň çuňlugyny anyklamak kyn. Hassahanada aşakdaky usul ulanylyp bilner. Zeperlenen dokumalary birnäçe daşlykdan we gapdaldan gözden geçirýärler. Ýüzleý ýanykda ýanan dokuma ýellenen we zeperlenmedik deriniň derejesinden ýokary galyp durýar. Ýaranyň düýbi çygly we ýalpyldap durýar. Çuňňur ýanykda zeperlenen dokumalar gurak, dykyz ýa-da çürşüp durýar we sagdyn deriniň ýüzünden aşakda ýerleşýär. Ýanygyň çuňlugy agyry duýgurlygyny kesgitlemek arkaly hem anyklanylyp bilner. Ýüzleý ýanyklarda (I-III a) agyry duýgulary bildirýär, çuňňur ýanyklarda (III b-IV) bolsa duýgurlyk bolmaýar. Ýanygyň çuňlugyny has anyk birinji ýa-da ikinji hepdäniň soňunda anyklap bolar.

Zeperlenmäniň agyrlygyna baha bermek üçin diňe bir ýanygyň çuňlugyny kesgitlemek ýeterlik bolman, eýsem, onuň meýdanyny hem kesgitlemegiň uly ähmiýeti bar. Ony bedeniň umumy meýdanyna bolan gatnaşyk göteriminde görkezýärler. Munuň üçin «dokuzlyk» düzgüni ulanylýar. Oňa laýyklykda kelläniň, boýnuň, gollaryň meýdanlarynyň hersi bedeniň umumy meýdanynyň 9%-ine deňdir. Göwräniň we aýaklaryň öň we yz taraplarynyň meýdany bedeniň umumy meýdanynyň 18 %-ini tutýar (2 gezek 9 %). Uly adamyň eliniň aýasynyň meýdany 1%-e deň. Ýanygyň meýdanyny kesgitlemek üçin näsagyň eliniň aýasynyň kagyz nusgalaryny ulanmak bolar. Amaly bejeriş işde ýanygyň meýdanyny kesgitlemek üçin «dokuzlyk» düzgüni we «el aýasy» düzgüni ulanylýar. Näsaglaryň ýagdaýynyň agyrlygy köp babatda ejir çekeniň ýaşy we dem alyş ýollarynyň ýanygynyň ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Amaly işde şol bir näsagda dem alyş ýollarynyň ýanygy bilen we onsuz ýüzleý we çuňňur ýanyklar utgaşykly gelip biler. Ýanyk şikesiniň agyrlygyna baha bermek üçin zeperlenmäniň agyrlyk görkezijisi (*ZAG*) kömek edýär. Oňa laýyklykda II-III *a* dereje ýanyk 1%-li 1 birlige deň, çuňňur ýanyklar (III *b* – IV dereje) 1%-li 3 birlige deňdir. I derejeli ýanyklar hasaba alynmaýar. Dem alyş ýollarynyň ýanygy bolan halatynda *ZAG*-niň üstüne 30 birlik goşulýar.

Ýanyk keseli, adatça, ýaýraň gyzgynlyk şikeslerinde: uly adamlaryň bedeniniň umumy meýdanynyň 15%-inden köp we çagalarda hem-de garrylarda 10%-inden köp bolanynda emele gelýär. Ýüzleý we meýdany çäkli bolan çuňňur ýanyklar ýanyk keselini döretmeýär. Diňe kelläniň, ýüzüň we boýnuň ýanyklarynda ýanyk keseli örän seýrek emele gelýär. Ýanyk keseliniň 4 döwri bolýar: I ýanyk şogy; II ýiti ýanyk gan zäherlenmesi; III ýanyk netijesinde tutuş bedeniň gan zäherlenmesi; IV sagalyş döwri.

Her bir döwrüň ady bedende bolup geçýän zeperlenme hadysalary bilen kesgitlenilýär.

**Kelläniň, ýüzüň we boýnuň ýanyklarynyň aýratynlyklary.** Ýüzüň meýdany bedeniň umumy meýdanynyň 3,12%-ini tutýar. Ýüzüň oňat nerw we damar üpjünçiligi, ejir çekeniň ýüzüniň keşbiniň zaýalanmagy netijesindäki oňaýsyz ruhy ýagdaýy ýüzüň çäklenen II – IV derejeli ýanyklarynda hem onuň ýagdaýynyň agyrlyk derejesini kesgitleýär. Ýüzüň üsti tekiz däl, onuň dürli ýerlerinde deri ýuka we dürli galyňlykda bolýar. Şol sebäpli hem ýüzüň golaý ýerleşen ýerlerinde şol bir täsir ediji netijesinde çuňlugy boýunça dürli derejedäki – örän ýüzleý görnüşden çuňňur derejä çenli ýanyklar döräp biler. Çuňňur ýanyklar, köplenç, ýüzüň çykyp duran ýerlerinde: gaş ýaýlarynda, gulaklarda, burunda, duluk süňküniň töwereginde, dodaklarda, eňekde döreýär, seýrek bolmadyk ýagdaýlarda maňlaýyň we gabaklaryň dokumalary zeperlenýär. Ýüzüň ýanyklary, köplenç, dem alyş ýollaryň, elleriň barmaklarynyň ýanyklary bilen utgaşýar. Ýüzüň ýanyklary güýçli agyrylary we şikesden soňra ilkinji sagatlar emele gelýän hem-de çalt artyp başlaýan ýellenme bilen ýüze çykýar. Köplenç, gaş ýaýlary zeperlenýär. Çuňňur ýanyklarda gaşlaryň ýerinde ýukajyk bertik emele gelýär we ol gitdigiçe ýokarky gabaklaryň çöwrülmegine getirýär. Gaş tüýleri ösmeýär.

Gulak ýelkenleriniň ýanyklary seýrek bolmadyk halatlarda ketirdewügiň köýüp zeperlenme ýagdaýyna baryp ýetýän çuňňur görnüşde bolýar. Emele gelýän kekirdewük çişme keseli gulak ýelkeniniň dokumalarynyň uly ýellenmesi we gyzarmasy bilen ýüze çykýar, güýçli agyryly bolýar. Iriňlän ýerleriň üstünde suwuklyk ýygnanmagy netijesinde mylkyldy kesgitlenilýär. Ketirdewügiň ölen ýerleri gopup aýrylanyndan soňra, gulak ýelkeniniň kemtikleri we gyşarmalary emele gelýär. Gulak ýelkenleriniň tutuş zeperlenmelerinde olar ellenilip barlananynda gaty, agyrysyz, agymtyl ýa-da garamtyl reňkde bolýar.

Daşky burnuň çylşyrymly gurluşy bar. Burnuň arkasynyň derisi ýukajyk. Onuň aşagynda sähelçe galyňlykda birleşdiriji dokuma gatlagy bar we derasty ýag gatlagy ýok. Burnuň ganatlarynyň töwereginde ýukajyk kekirdewükler ýerleşen. Ýanykda, köplenç, burnuň ujy we ganatlary, käwagt bolsa onuň tutuş üsti zeperlenýär. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ganat we üçburç kekirdewükler zeperlenýär we bu olaryň soňraky çüýremegi bilen tamamlanýan kekirdewük çişme keseliniň döremegine getirýär. Burnuň dokumalarynyň kemtikleri, onuň durnukly gyşarmalary döreýär.

Duluk süňküniň töwereginiň we ýaňaklaryň ýanyklarynda gulakýany tüýkülik mäziniň açylmagy bilen gulakýany gatlagara dokuma bardasyna çenli dokumalaryň ölmegi bolup biler. Bu ýerleriň dokumalarynyň bertikleşip bitmegi aşaky gabagyň çöwrülmegine we agyz burçunyň gapdala süýşmegine getirýär. Duluk süňküniň çüýremegi mümkin.

Dodaklar – ýüzüň hereket edýän bölekleri. Olaryň iýmit kabul edilmeginde uly ähmiýeti bar. Dodaklaryň gyrmyzy gaýmalarynda der we nem mäzleri, tüý haltajyklary ýok. Onuň örtügi örän ýuka we aňyrsy görnüp duran. Dodaklaryň ýanyklarynda gyrmyzy gaýmalar, köplenç, çüýreýärler we soňra dikelmeýärler. Emele gelýän gem-

reler şikeslenýär, ganaýar, döreýän jaýryklar agyry döredýär we iýmit kabul edileninde köp kynçylyklar döredýär. Ýellenme netijesinde dodaklaryň gyrmyzy gaýmalary çöwrülýär we «balyk agzy» diýlip atlandyrylýan şekil emele gelýär. Dodaklaryň ýanyklary diňe bir agyz töwereginiň görnüşiniň bozulmagyna getirmän, eýsem, dar agzyň emele gelmegine we agyz arkaly iýmitlenmegiň kynlaşmagyna hem getirýär.

Aşaky dodak bilen bilelikde eňegiň dokumalary hem zeperlenýär. Erkek adamlarda ýanyk ýarasynyň gemrejikleri sakgal tüýleri bilen birleşýär we bu ýagdaý ejir çekene köp amatsyzlyklar döredýär hem-de bu ýerde üsti tekiz bolmadyk bertigiň döremegine ýardam edýär.

Maňlaýyň çuňňur ýanyklary maňlaý süňküniň zeperlenmegine we onuň soňraky daşky gabyk gatlagynyň çüýremegine hem-de maňlaý boşlugynyň çişme keseliniň doremegine getirip biler. Çişme hadysasynyň beýniniň gaty bardasyna ýaýramagy hem mümkin.

Ýüzüň ýanyklarynda muskullaryň gyjynmasynda ýygrylmaklary gyzgynlyk täsiri astyna düşýän gabaklaryň derisiniň meýdanyny azaldýar we şu sebäpli hem gabaklar az zeperlenýär. Has ýokary gyzgynlyk täsiri netijesinde gözüň agy we buýnuz bardasy açyk galyp we olaryň hem ýanyklary bilen gabaklaryň tutuş zeperlenmesi bolup biler. Gabaklaryň ýellenmesi hemişe uly bolýar we diňe 5-6 gün geçenden soňra peselýär. Kirpik gyralary, köplenç, çüýreýär we iriňli gemrejikler bilen örtülýär. Saklanyp galan nädogry ýerleşen kirpikler buýnuz bardanyň şikesine we çişme keseliniň döremegine getirýär. Gabaklaryň bertik çöwrülmesi gabaklaryň ketirdewüginiň gyşarmasyna getirýär we bu gyşarma kekirdewüklerde ýanyk bolmadyk halatynda hem döreýär. Gabaklaryň ýanygynda gözüň ýagdaýyna baha bermek gerek. Gözüň dokumalary zeperlenende näsagyň bejergisine göz lukmanynyň gatnaşmagy zerurdyr.

Kelläniň saçly böleginiň ýanyklary çäklenen we çuňňur, seýrek halatlarda ýaýraň bolýar. Seýrek bolmadyk halatlarda çuňňur we ýüzleý zeperlenme ýerleri utgaşyp gelýär. Kelläniň saç örtügi III derejeli ýanykda hem uzak wagtlap saklanyp galyp biler. Çuňňur ýanyklarda kelle süňkleriniň çüýremegi mümkin. Süňküň ölen ýerleriniň dokumalarynyň bölünip gopmagy örän haýal bolup geçýär. Şu sebäpli hem emele gelen kemtigiň erkin deri plastikasyny geçirmek bilen olary amal arkaly aýyrýarlar.

Boýnuň ýanyklary seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýüzüň aşaky üçden bir böleginiň we döşüň ýanyklary bilen utgaşykly döreýär. Köplenç, boýnuň öň tarap ýanygy, seýrek gapdal, has seýrek yz tarap we tutuş daşyna aýlanýan ýanyklar duş gelýär. Boýnuň dürli ýerlerinde onuň derejesi birmeňzeş hem bolman bilýär. Boýnuň ýanyklary onuň III a derejeli ýanygynda hem düýpli gyşarmalary döredýän çuňňur bertikleriň emele gelmegine getirýär. Bu ýukajyk deriniň aşagyndaky ýerleşen boýnuň derasty muskulynyň zeperlenmegi bilen düşündirilýär. Agyr ýagdaýlarda eňegiň döş kapasasy bilen birleşmesi döreýär we ol kelläni hereketsiz ýagdaýa getirýär. Aşaky dodak asak çekilýär, çöwrülýär, agzy ýapylmaýar, hemişe tüýkülik dökülmesi ýüze çykýar.

Şeýlelik bilen, ýüzüň ýanyklarynyň aýratynlyklaryna dokumalaryň has uly ýellenmesi we zeperlenme ýeriniň güýçli agyrysy, biri-birine golaý ýerlerde dürli derejeli ýanyklaryň bolmagy degişlidir. Şol bir gyzgynlyk täsiri netijesinde döreýän ýanyklaryň derejesi (çuňlugy) bedeniň başga ýerleri bilen deňeşdirilende, has agyr bolýar. Ýüzüň ýanyklary, köplenç, dem alyş ýollarynyň ýokarky böleginiň ýanyklary bilen utgaşýar.

Agyz boşlugynyň, damagyň burun böleginiň we seýrek halatlarda bokurdagyň nemli bardasynyň ýanyklary gyzgyn gazlar bilen döreýär. Olar hemişe ýüzleý bolýar. Görnüşi boýunça burnuň ýanan tüýjagazly deşikleri görünýär, nemli bardanyň gyzarmasy we ýellenmesi kesgitlenilýär. Gyzarmanyň ýellenmeli käbir ýerlerinde çalymtyl-ak nem bilen örtülen ýerler bolup biler. Sesiniň çykyşynyň üýtgemegi mümkin. Agyz boşlugynyň, damagyň, bokurdagyň, kekirdegiň we bronhlaryň nemli bardalarynyň çuňňur ýanyklary ejir çeken uzak wagtlap ýapyk jaýyň içinde, tokaý ýangyn ojaklarynyň içinde ýokary gyzgyna sezewar bolanynda döreýär. Kekirdegiň we bronhlaryň nemli bardasy seýrek halatlarda öýken dokumasy ýangynyň tüssesinden we külünden dem almak netijesinde zeperlenip biler. Şunuň ýaly hassalarda düzüminde gurum bolan gakylykly üsgülewük döreýär, daşky dem alyş bozulma alamatlary ýüze çykýar. Dem alyş ýollarynyň gyzgyn gazyň (howanyň), ýangynyň tüssesiniň we külüniň hem-de olaryň zäherleýiş täsirleriniň bilelikdäki zeperlemesiniň netijesindäki ýanyklar has agyr ýüze çykýar.

**Bejergisi.** Ýanygy bolan näsaglaryň, şol sanda ýüzüniň ýanyklary bolan näsaglaryň bejergisi ejir çekene we zeperlenen ýere umumy we ýerli täsir etmegiň toplumyny özünde jemleýär.

**Ilkinji kömek** betbagtçylyk bolan ýerinde berilýär. Şol pursatda mümkin bolan islendik ýol bilen ýanyk dörediji gyzgynlygyň täsir etmegini bes etdirmeli (suw guýmak, gar, çäge zyňmak, ýalyn aýrylyp-goýulýança ýorgan ýa-da başga galyň örtgi mata (eşik) bilen (sintetik bolmadyk) üstüni ýapmak (dem gysma döremezligi üçin gysga wagtlaýyn) ýalyny basmak we ş.m.). Ejir çekeni dik ýagdaýda goýmak bolmaýar, sebäbi beýle ýagdaý ýalynyň ýüzüne ýaýramagyna ýardam edýär. Ony gapdalyna, egnine ýatyrmak gerek. Eşigine ot düşeninde ylgamak bolmaýar, sebäbi howa akymy ýalyny güýçlendirýär. Çuňňur dokumalaryň gyzmagynyň öňüni almak üçin gyzgynlyk netijesinde dörän zeperlenmeden soňra ilkinji 15-20 *minutyň* dowamynda ýanyk ýerlere sowuk täsir etdirmek (sowuk suw, buzly meşijek, suwda ezilen mata we ş.m.) netijelidir. Betbagtçylyk bolan halaty ýanyk ýeri sowadylanynda derasty ýagly gatlak 1 *sm* çuňlukda kadaly gyzgynyna 20 sek wagtdan ýetýär, sowadylmadyk ýagdaýynda 14 *min* wagtdan soňra ýetýär. Mundan başga-da, ýanyk dörediji gyzgynlyk täsiri bes edileninden soňra ýanyk ýeriniň dokumalarynyň gyzgynynyň ýokarlanmagy dowam edýär. Sowuk täsir etdirmek mümkinçiligi bolmasa, ýanyk ýeri howa bilen sowar ýaly açyk goýmak gerek. Ejir çekeni ulagda alyp gitmezden öňünçä, ýanyk ýarasyny zyýansyzlandyrylan sargy bilen ýapmak oňat bolar. Görkezmeler bolanynda ýürek-öýken janlandyryş çärelerini geçirýärler.

**Lukmana çenli kömek.** Orta saglygy goraýyş işgäri narkotiki we narkotiki däl agyry aýryjylary, ýürek-damar dermanlaryny, bürmege garşy syworotkany ýa-da anatoksin goýberip biler. Näsagy 1 litrinde 1 çaý çemçe nahar duzy we ½ çaý çemçe hamyr sodasy (ýa-da 5,5 *g* nahar duzy we 4 *g* hamyr sodasy) eredilen 0,5-den 2 *litre* çenli suw bilen gandyrmaly. Suw zäherlenmesi bolmazlygy üçin arassa suwy 0,5 litrden köp içirmek bolmaýar. Görkezmeler bolanynda ýürek-damar janlandyryş çärelerini dowam etdirmeli. Bejergi üçin ulagda alyp gitmek ýüze çykanynda, ýanan ýüze göz üçin deşikleri bolan zyýansyzlandyrylan sargy bilen örtýärler. Ýüzleý ýanyklarda derä wazelin çalynýar. Ilkinji we lukmana çenli kömek berleninde ýag esasly melhemleri, şeýle hem eýleýji serişdeleri (spirt, ýod ergini), metilen mawysynyň ýa-da göwher ýaşylyň erginini ulanmak bolmaýar. Bularyň hemmesi ýanyk ýarasyny arassalamaga we onuň çuňlugyny kesgitlemäge kynçylyk döredýär.

**Lukman kömegi.** Ýatymlaýyn bejergä bedeniniň umumy meýdanynyň 10%-den geçýän I-II derejeli, çuňňur ýanygy bolan, ýüzüniň, boýnunyň, dem alyş synalarynyň, el we aýak daraklyklarynyň hem barmaklarynyň, uly bogunlarynyň töwerekleriniň, satanynyň bileleşen zeperlenmesi bolan näsaglar degişlidirler. Ýatymlaýyn bejergi şertlerinde jana howp salýan bozulmalara garşy çäreleri geçirmek üçin görkezmelere dem alyş synalarynyň zeperlenmesi bilen ýüzüniň ýanygy bolan näsaglar mätäçdirler. Kekirdek we bronhlar ýangyn tüssesi we küli bilen zeperlenen halatynda dem alyş bozulmasynyň alamatlary ýok bolsa, näsaglara kekirdek deşigini goýmak gerek däl, sebäbi onuň özi ýanyk alanyň ýagdaýyny has-da agyrlaşdyrýar. Beýle zeperlenmeleri adaty usullar bilen (ýürek serişdelerini we bronh giňeldijileri, kortikosteroid gormonlary, kislorod bilen dem bermegi we ş.m. ulanmak) bejerýärler. Agyz boşlugyny natriý gidrokarbonatynyň 3-5%-li ergini, zyýansyzlandyryjy erginler bilen ýuwýarlar. Eger-de ozal bürmege garşy aýran ulanylmadyk bolsa, onda ony belleýärler. Ýokanja garşy derman bejergä başlaýarlar. Ýanyk ýarasyny usullyk bilen we şikes ýetirmezden arassalaýarlar. Zeperlenen ýeriň daş-töweregіniň derisini benzin, 96%-li etil spirti ýa-da 0,5%-li naşatyr spirti bilen süpürýärler, sagdyn derini sabynly suw bilen ýuwmak bolýar. Bar bolan gabarçaklary furasiliniň ýa-da başga zyýansyzlandyryjynyň ergini bilen ýuwýarlar. Gabarçaklaryň içinden suwuklygyny çykarmak üçin olary sähelçe gyrkyp ýarýarlar. Gopan ýüzleý deri gatlagy (gabarçagyň gabygy) ýaranyň ýüzüne ýelmeşip, onuň bitmegini tizleşdirýän biologik sargy bolup durýar. Şol sebäpli hem gabarçagy kesip aýyrmaly däl. Gabarçagy diňe onuň içi «goýalanda» ýa-da iriňläninde kesip aýyrýarlar. Ýüzüň ýanyklaryny, adatça, açyk usul bilen, seýrek halatlarda ýapyk usul bilen bejerýärler. Ýanyklaryň ýerli bejergisi üçin ulanylýan dermanlar örtgi dokumanyň ösmegine ýardam etmelidir, ýokanja garşy täsirli bolmalydyr we dokumalary gyjyndyrmaly däldir. Olara bildirilýän talap: ol ýaranyň bitmegini gijikdirmeli däldir, I dereje ýanyklarda deň mukdarda alnan lanolinden, şetdaly ýagyndan we distillirlenen suwdan durýan sowadyjy çalgyny; 2%-li bor wazelinini; gidrokortizon ýa-da başga kortikosteroid gormon düzüminde bolan

melhemi ulanýarlar. Sink okisinden, talkdan, gliserinden we distillirlenen suwdan deň mukdarda alnyp ýasalan garyndyny ulanmak bolýar. Ýanan derini spirt ýa-da spirtli suwuklyklar (atyr), çaga çalgysy bilen arassalamak bolýar. Ýüzüň ýanyklarynda, eger-de olar açyk usul bilen bejerilýän bolsa, melhemi ýa-da çalgylary günde 3-4 gezek ulanýarlar. Munuň üçin 10%-li sintomisin emulsiýasyny, 1%-li gentamisin, 0,5%-li furasilin, 10%-li anestezin ýa-da 10%-li sulfamil melhemlerini ulanmak bolar. Kümşüň sulfadiazininiň 1%-li ergini esasyndaky çalgynyň (suwda ereýän esasly) oňat bejergi täsiri bardyr.

Deriniň çuňňur gatlagynyň ölmegi bilen geçýän III *a*-IV derejeli ýanyklar bejerilende, esasy mesele ilkibaşda gury kesmek emele getirmek, soňra bolsa onuň gopmagyny tizleşdirmek bolup durýar. Bu III *a* derejeli ýanyklarda ýaranyň bitmegine ýa-da soňra öz derisini geçirmek amaly üçin ýaranyň ýüzünde sagdyn düwür--düwür dokuma döremegine (III *b* – IV derejeli ýanyklarda) oňaýly şert döredýär. Eger-de ýara ýapyk usul bilen bejerilse (zyýansyzlandyryjylar ýa-da ýokanja garşy dermanlar bilen çygly-guraýan sargynyň aşagynda), bu ýagdaýdan oňat we tiz çykyp bolýar. III *a* derejeli ýanykda kesmek gopup aýrylanyndan soňra, ýaranyň örtüginiň bitmegini tizleşdirmek üçin ýagly derman sargylary goýmak, ýara ultramelewşe şöhle tutmak bolar. Ýüzüň çuňňur ýanyklarynda çüýrän dokumalary ilkinji we irki kesip aýyrmak amalyny ulanmaýarlar, sebäbi diňe çüýrän dokumalar doly sagat dokumalaryň çäklerinde kesilip aýrylmasa, barybir erkin geçirilen deri kesim bölegi bitmeýär. Ýüzde beýle etmek mümkin däldir. Mundan başga-da, ýüz we başga nerwleriň zeperlenmegi, şeýle hem güýçli gan akma döremegi mümkindir. Şol sebäpli-de çuňňur ýanyklarda ýaranyň ýüzüni plastik usul bilen ýapmaga amal geçirmezden, adaty bejergi usuly bilen ýuwaş-ýuwaşdan taýýarlaýarlar. Bejerginiň dowamynda kesmegiň gopýan ýerlerini ýaşaýşa ukyby bolan dokumalara zeper ýetirmezden, gaýçy bilen seresaply kesip aýyrýarlar. Ýüzdäki düwür-düwür dokuma bilen örtülgi ýarada çüýrän dokumalar doly gopan bolsa, iriňli çişme alamatlary bolmasa, düwür-düwür dokumalar owunjak dänejikli we gyralary boýunça al-gyrmyzy reňkli ýaş örtgi jähekli bolsa, onda ol öz deri kesim bölegini geçirmek amalyna taýýardyr. Deri kesim böleginiň galyňlygy 0,3-0,4 *mm* bolmalydyr. Ýüzüň ýanyklarynda bedeniň islendik elýeter ýerinden dermatom bilen alnan diňe bütewi deri kesim böleklerini ulanýarlar. Owadanlyk netijesini peseldýänligi üçin kesim böleklerinde deşikler etmeýärler.

Gabaklaryň we gözüň buýnuzly bardasynyň I-II derejeli ýanyklarynda zeperlenen ýerleri nowokainiň 1%-li ergini bilen ýuwmak, gözlere albusidiň 30%-li erginini 2 damjadan her 3-4 *sag* damdyrmak gerek. Mundan başga-da, göz nemli barda kiselere günde 2 gezek gidrokortizon, tetrasiklin, lewomet-T melhemleri çalynmalydyr. Agyrylarda dikainiň 0,25%-li erginini damdyrýarlar. Gözüň buýnuzly bardasyny agyrysyzlandyryjy we ýokanja garşy häsiýetleri bolan ýörite göz bardasy bilen örtýärler.

Gulak ýelkeniniň ýanyklarynda, haçanda kekirdewük bardasynyň aşagyna ýygnanan suwuklyk heniz iriňlemedik ýagdaýynda we kekirdewükde ýaşaýyş ukyplygy saklananynda, ony sanjawajyň we iňňäniň kömegi bilen sorduryp bolýar hem-de ýiti kekirdewük çişmesiniň öňi alnyp bilner. Eger-de ýygnanan suwuklyk iriňlese, onda iriňli ojagy kesip ýarmak gerek we iriň akyp durar ýaly şertler döredilmelidir. Bu, köplenç, gulak ýelkeniniň has güýçli bildirýän gyşarmasyna, kähalatlarda bolsa onuň doly ýitirilmegine getirýär. Gulagyň daşky geçelgesiniň bertik bilen bitmegi mümkin we bu eşidişiň peselmegine getirýär.

Kelläniň saçly ýeriniň çuňňur ýanygy bolanynda ýaranyň daş-töwereginde 5-7 *sm* zolakda saçy kesýärler we syrýarlar. 1-2 gün geçeninden soňra, ölen süňk bardasyny kesip aýyrýarlar. Eger-de ol ölmedik bolsa, onda ol gurap zeperlenmez ýaly çygly sargylar bilen ýapylýar. Ýalaňaçlanan we ýaşaýşa ukyply süňk bardasynyň üstüniň deri örtügini mümkin boldugyça tiz dikeltmeli. Çuňňur ýanyklarda kelle süňkleriniň daşky gabyk gatlagy zeperlenip biler. Ölen ýerleriniň özbaşdak gopmagyna garaşmazdan, olary aýyrmak gerek. Süňküň öýjükli bölegi wagtyň geçmegi bilen düwür-düwür dokuma bilen örtülýär we onuň üstüne bolsa erkin, özünden alnan deri kesim bölegini geçirýärler.

Dodaklaryň, eňek töwereginiň, ýaňaklaryň çuňňur ýanyklarynda, haçanda dokumalaryň kemtiginiň döremegine garaşylanynda, soňraky döwürde ony has tiz düzeder ýaly öňünden, plastika üçin dokumalary (kesim bölegini) taýýarlamak we geçirmek gerek. Bertik kontrakturalarynyň döremeginiň öňüni almak üçin bejerginiň, aşaky äň beden maşk usullarynyň, näsagyň düşekde dogry ýatmagynyň uly ähmiýeti bar.

IV derejeli ýanyklar, aýratyn-da ýüzüň süňkleri zeperleneninde has agyr netijelere getirýär. Olaryň düzedilmegi köptapgyrly dikeldiş amallary geçirmegi talap edýär. Hiç bir yzsyz we gaýrüzülmesiz I we II derejeli ýanyklar bitýär.

Ýanykdan ýogalmak hadysasy ýanygyň meýdanyna, çuňlugyna we ejir çekeniň ýaşyna bagly. Ýanygyň netijesini çaklamak üçin ýüzlük düzgünini ulanýarlar. Näsagyň ýaşyna ýanygyň meýdanynyň % sanyny goşmaly. Eger-de onuň jemi 01-e deň we uly bolsa ýanygyň netijesiniň çaklamasy oňaýsyz, 81-100 oňaýlygy şübheli, 61-80 oňşarlyk derejede oňaýly we 60 oňaýly bolýar. Bu kesgitleýiş usulyny diňe uly ýaşly adamlar üçin ulanmak bolýar.

### 9.1.2. Elektroýanyklar

Elektroýanyklar elektrik togunyň çeşmesiniň dokumalar bilen degişen ýerinde döreýär. Hususan-da, elektrik energiýasy dokumalar bilen degişen ýerinde 3000--4000°C gyzgynlyk döredip, ýylylyga öwrülýär. Ýerli bozulmalar bilen bir hatarda dürli synalaryň işiniň bozulmalary we ilkinji nobatda, ýürek-damar we dem alyş ulgamlarynyň işleri bozulýar. Hatda elektrik togy gysga wagtlaýyn degeninde hem dem alyş saklanyp we ýürek muskulynyň sazlaşyksyz we tertipsiz ýygrylmasy

döräp biler. Elektroşikes huşuny ýitirmezden ýa-da huşuny ýitirip muskullaryň tutgaýly ýygrylmasy (degişlilikde I we II dereje), huşuny ýitirip we ýüregiň işiniň bozulmasy bilen (III dereje) we yzyna gaýtaryp bolýan ölüme getirýän (IV dereje) görnüşlerde bolup biler.

Eger-de elektrik togy bilen zeperleneninde ýanyk döreýän bolsa, onda elektroşikesiň agyrlyk derejesi köýen dokumalary gorap bolýanlygy sebäpli, ol diýen agyr hem bolman bilýär.

Howa elektrik energiýasy (ýyldyrym) adaty elektrik toguna garanyňda has köp güýçli we dartgynly bolýar hem-de has agyr zeperlenme döredýär.

Ýüzüň elektroýanyklary hemme ýanyklaryň umumy sanynyň 1,3%-ini tutýar. Olar adaty gyzgynlyk netijesinde döreýän ýanyklardan tapawutlanýar we elektrik energiýasynyň çeşmesiniň deri bilen degişen ýeriniň meýdanyna baglylykda nokat görnüşinde («tok yzlary we belgileri» görnüşinde) ýa-da uly ölçegli bolup biler. «Tok belgileri» agymtyl-çal ýa-da goňrumtyl reňkli deriniň gury ýalpyldaýan, agyrysyz ýerleri görnüşinde bolýar. Olar töwereginiň zeperlenmedik derisiniň derejesinden biraz galyp durup, oňat bildirýär. Soňraky döwürde bu ýerler gaty kesmege öwrülýär. Ýyldyrym zeperlenmelerinde «tok belgileri» şaha şekilli gyzyl çyzyklar görnüşinde bolýar. Elektroýanyklar diňe bir derasty ýagly gatlagyň zeperlenmesini döretmän, eýsem, muskullary we hatda ýüzüň süňklerini hem zeperläp, köplenç, çuňňur bolýarlar. Şeýle hem olaryň aýratynlygy deri zeperlenmesiniň çäklenen, aşagynyň dokumalarynyň zeperlenmesi bolsa meýdany boýunça has ýaýraň bolýanlygydyr. Bu hadysa dokumalaryň dürli tok geçirijiligi we döreýän gan aýlanyşygynyň bozulmalary bilen baglanyşykly. Ýüzüň derisiniň has köp elektrik garşylyk ukybynyň bardygy bellidir. Ýarada bolup geçýän hadysalar gyzgynlyk netijesindäki ýanyklardaky ýaly geçýär. Emma aşaky dokumalaryň köp zaýalanýanlygy bilen zäherlenme alamatlary güýçli bolýar. Iriňli ýokançlar goşulan halatynda çuňňur iriňli ojaklaryň (absses, flegmona) döremegi mümkin. Elektroşikesden 2-4 hepde geçeninden soňra uly damarlardan ýara gan akmasy bolup biler. Elektrik togy degmegi netijesinde ýüzde dörän ýanyk ýeri agyrysyz ýa-da az agyryly bolýar. Ýanygyň töwereginde dokumalaryň ýellenmesi we gyzarmasy ýok. Ýara iriň döredijі ýokanja durnukly bolýar. Alyş-çalyş bozulmalary güýçli bildirýär we ol hem ýaranyň haýal bitmegini kesgitleýär.

**Ilkinji kömek** ilkinji nobatda kömek berýäniň özüniň zeperlenmegini aradan aýyrýan islendik usul bilen ejir çekene elektrik togunyň täsirini togtatmakda jemlenendir. Özbaşdak dem alyş we ýürek ýygrylmalary bolmanynda ýürek-öýken janlandyrmasyny geçirmek gerek (ýüregiň ýapyk owkalamasy, «agyzdan-agza» ýa-da «agyzdan-burna» usullar boýunça emeli dem bermek). Ejir çeken ýatymlaýyn bejergi bölümine ulagda ugradylanda arkanlygyna ýatyrylmalydyr we elektroşikesiň agyrlyk derejesine garamazdan, janlandyryş bölümine ýerleşdirilmelidir. Elektroýanyklaryň we gyzgynlyk netijesinde dörän çuňňur ýanyklaryň bejergileriniň düýpli tapawutlary ýokdur we ol ýokarda getirildi.

### 9.1.3. Himiki ýanyklar

Himiki ýanyklar durmuşda ýa-da önümçilikde betbagtçylyk ýagdaýlarynda turşularyň (azot, kükürt, duz, sirke, ftorlywodorod), aşgarlaryň (iýiji natriý, iýiji kaliý, öçmedik hek), agyr metallaryň duzlarynyň (kümüş nitraty, sink hloridi) derä täsiri netijesinde ýüze çykýarlar. Ýanygyň çuňlugy himiki serişdäniň göwrümdäki mukdaryna, onuň gyzgynlygyna, onuň derä täsiriniň dowamlylygyna baglydyr.

Himiki ýanyklar gyzgynlyk netijesindäki ýanyklardan tapawutlanýar. Olaryň aýratynlygy himiki maddanyň häsiýetine baglydyr. Turşular lagtalaýjy, ýygryjy maddadyr, aşgarlar bolsa suwuklandyryjy, suwlandyryjy maddadyr. Turşular we aşgarlar ýanygyň daşyndaky gurşap alan sagdyn dokumalarda kiçijik damarlardaky gan aýlanyşygyny we madda çalşygyny bozýar. Şu sebäpli hem ýaranyň bitmegi himiki ýanyklarda gyzgynlyk netijesindäki ýanyklara garanyňda has haýal geçýär. Turşularyň we agyr metallaryň duzlarynyň döreden ýanyklary gury çüýreme görnüşinde geçýär. Olar proteinleriň dargamagyny we dokumalaryň has güýçli suwsuzlanmagyny döredýär, bu hadysalar bolsa dokumalaryň köýen ýerleriniň emele gelmegine getirýär. Kükürt turşusy bilen dörän ýanyklarda zeperlenen deri goňrumtyl ýa-da gara, duz turşusynyňkyda sary, ftorlywodorodyňkyda bulançak çal ýa-da ak reňkli bolýar. Aşgarlar netijesinde dörän ýanyklarda çygly çüýreme emele gelýär. Aşgarlar proteinleri dargadýarlar we ýaglary sabynlandyrýarlar. Olar derä düşenlerinde ilki bilen ýüzleý deri gatlagyny dargadýar, bu bolsa onda açyk gyrmyzy reňkli zeperlenme ýerleri döredýär. Aşgarlar soňra çuňňur dokumalara siňmek bilen olary zeperleýärler. Çüýremek ýagdaýyna ýeten dokumalar özlerinde birnäçe günüň dowamynda aşgar saklap, bedene oňat siňýän zäheri – albuminatlary emele getirýär. Aşgarlar turşulara garanyňda, has haýal, uzak täsir edýär we dokumalara has çuňňur siňýär. Şonuň üçin hem aşgarlaryň täsir etmegi netijesindäki ýanyklaryň çuňňurlygynyň derejesi gyzgynlyk netijesindäki ýa-da turşularyň täsiri netijesindäki ýanyklardan tapawutlylykda has giç kesgitlenip bilner.

Kömek berlende himiki serişdäni mümkin boldugyça deriden çalt aýyrmaly, onuň göwrümdäki mukdaryny peseltmeli, zeperlenen dokumalaryň ýerini sowatmaly. Iň bir ýönekeý, elýeter we ýeterlik netije berýän usul zeperlenen ýeri akar suw bilen azyndan 20-30 *minutyň* dowamynda ýuwmakdyr. Öçmedik hek we göwrümde mukdary ýokary bolan kükürt turşusy täsir etmegindäki ýanyklar kadadan çykan hasaplanylýar. Bu maddalar suw bilen gatyşanlarynda ýylylyk çykaryp himiki reaksiýa döredýär, bu bolsa dokumalaryň goşmaça gyzgynlyk zeperlenmesiniň sebäbi bolup biler. Şeýle hem ýalyn ýüze çykýanlygy sebäpli dietilalýuminiý gidrid we trietilalýuminiý gidridi netijesinde dörän ýanyklarda suw ulanmak bolmaýar.

Ilkinji kömek berlende ýanyk ýerini zyýansyzlandyryjy erginler bilen (natriý gidrokarbonatynyň gowşak erginleri, duz turşusynyň 0,01%-li ergini, sirke turşusynyň 1-2%-li ergini) ýuwmaklyk, olary taýýarlamak üçin wagt ýitýänligi se-

bäpli hemişe mümkin bolmaýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda ýanygyň ahyrky netijesi üçin wagtyň aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr: himiki madda näçe çalt aýrylsa, dokumalar şonça-da az zeperlenýär. Mundan başga-da, ilkinji kömek berýän we ejir çekeniň özi, köplenç, derä düşen maddanyň himiki gelip çykyşyny bilmeýär. Bu hem bejeriş edarasyndan başga ýerde ýanyk dörediji maddalaryň täsirini peseldiji erginleri ulanmaklygy kynlaşdyrýar.

Ýatymlaýyn bejeriş bölüminde, haçanda himiki madda belli bolanda, onuň täsirini peseltmek gerek. Bu ilkinji kömek berlende suw bilen guýlup ýuwlanyna garamazdan, deriniň we derasty ýagly gatlagyň içine bellibir derejede aşgaryň (köplenç ýagdaýda) ýa-da turşynyň siňýänligi bilen baglanyşyklydyr. Turşularyň täsirini peseltmek üçin natriý gidrokarbonatynyň 2-5%-li erginine ezilen hasany ýara goýmak, aşgarlaryň täsirini peseltmek üçin turşularyň gowşak erginleri (sirke, limon we ş.m. turşularyň 1-2%-li erginleri) ulanylýar. Eger-de ejir çeken gijikdirilip getirilse, ýanygyň ýüzüne degişli dermanlardan taýýarlanan çalgylar ulanylýar.

Eger-de siňmeklik netijesinde himiki serişdeler bilen zäherlenme alamatlary ýüze çykanynda zähersizlendirme bejergisi geçirilýär, degişli garşy dermanlary belleýärler.

Himiki ýanyklaryň ýerli bejergisi gyzgynlyk netijesindäki ýanyklaryňkydan tapawutlanmaýar.

### 9.1.4. Ýüzüň Gün şöhlesi zerarly ýanyklary

Gün şöhlesi zerarly ýanyklar yssy we gurak güneşli howasy bolan ýurtlarda, şol sanda Türkmenistanda hem duş gelýär. Gün şöhlesi zerarly ýanyklar howanyň ýeterlik yssy bolmagy (43-45°C we ondan-da ýokary derejeli gyzgynlyk), ol şertlerde uzak wagt bolmak, teniň açyklygy we deriniň Gün şöhlesine uýgunlaşmanlygy ýaly sebäpler bir wagtda täsir edeninde döräp bilýär. Ýüzüň Gün şöhlesi zerarly ýanyklary seýrek däldir. Onuň sebäbi-de adamyň ýüzi iň bir goragsyz we näzik derili ýerleriniň biridir. Ýüzüň Gün şöhlesi zerarly ýanyklary, köplenç, ýüzi goragsyz ýagdaýda gezelenç edýänlerde, syýahatçylarda, açyk meýdanda, çölde uzak wagt işleýänlerde ýa-da ol ýerlerde azaşanlarda, aýratyn hem çagalarda we Demirgazyk ýurtlardan gelen syýahatçylarda duş gelip biler.

Ýüzüň Gün şöhlesi zerarly ýanyklary I we II derejeli zeperlenme görnüşlerinde duş gelýär. Ýanyk alamatlary, köplenç, gözasty we burun töwereklerinde, maňlaýda duş gelýär. Ýanyklaryň beýleki görnüşlerinden – ýanygyň alamatlarynyň Gün şöhlesiniň täsirinden 1-3 sagat soň, gyzgyn howanyň täsiri netijesindäki tutuş beden zeperlenmeleri bilen bilelikde (gyzgynlyk tutgaýlary, gyzgynlyk surnukdyrmasy, gyzgynlyk urgusy) ýüze çykýandygy, dokumalaryň has oňaýsyz we agyr zaýalanmalary bolan III we IV derejeli zeperlenmeleriň bolmaýanlygy bilen tapawutlanýarlar. Ýüzüň Gün şöhlesi zerarly ýanyklary, köplenç halatlarda, bedeniň

käbir beýleki ýerleriniň ýanyklary bilen bilelikde (boýun, egin bölegi, gollar) duş gelýär. Gün şöhlesi zerarly ýanyklaryň geçişi we bejergisi gyzgynlyk netijesinde dörän ýanyklardan tapawutlanmaýar, emma gyzgyn howanyň täsiri netijesindäki tutuş bedeniň zeperlenmeleri bolanda ýerli bejeriş çärelerinden başga-da, umumy bejeriş çäreleri talap edilýär: salkyn howaly jaýda bolmak (18-20-22°C), 20-25°C suwa düşmek, güýçli gyzgyn alyş-çalyş ýerlerine (goltuklar, gasyklar, döş kapasasy) buzly meşijekleri goýmak, bedeniň işjeňlikleriniň belli-belli bozulma alamatlary boýunça bejeriş derman serişdelerini (agyry aýryjylar, gyzgyny peseldijiler we ş.m.) ulanmak, nahar duzy bolan suwy içmek we duzly erginleri wena içre goýbermek we ş.m.

Gün şöhle ýanyklaryndan soňra ýanyk ýerleri 4-5 günden I derejeli ýanykda ýa-da aňyrsy 2 hepdeden (II derejeli ýanyklarda) doly we hiç bir yzsyz bitip gidýär.

## 9.2. ÝÜZÜŇ SOWUK ALMAGY

Ýüzüň sowuk almagy pes temperaturanyň täsir etmegi netijesinde döreýär, köplenç, burunda, gulaklarda, duluk töwereginiň we ýaňagyň dokumalarynda döreýär. Kekirdewükler, hatda deriniň uly bolmadyk zeperlenmelerinde hem pes temperaturanyň täsirinden ejir çekýär. Kekirdewük bardasynda çişme keseliniň emele gelmegi mümkin we olar uzak wagtlap geçýär hem-de gulak ýelkenleriniň ýa-da burnuň gyşarmalaryna getirýär. Ýüzüň süňkleri sowuk alma netijesinde örän seýrek zeperlenýär. Diliň we dodaklaryň sowuk almagy (köplenç, çagalarda) aýazda bu dokumalaryň metallara degmegi netijesinde (metal zatlary ýalajak bolup synanyşmak netijesinde) döreýär. Oňşarlyk pes temperaturaly ýokary çyglylyk şertlerinde tebigy we emeli termokadalaşygy bozulan ýagdaýynda dokumalaryň sowuk almagynyň döremegi mümkin. Pes temperaturanyň täsirinde zeperlenme dokumalaryň üsti boýunça däl-de, olaryň çuňňur içine ýaýraýar. Ýüzüň dokumalarynyň sowuk almagy ýatymlaýyn bejergi üçin seýrek halda görkezme bolup durýar. Saglyk öýüne ýüz tutanlaryň ýarpysy ýatymlaýyn bejergä mätäç bolýar. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda harby hassahanalarda sowuk almalar boýunça bejergide bolanlaryň arasynda diňe ýüzüniň sowuk almagy bilen 0,69% näsag bolan. Dokumalaryň uzak wagtyň dowamynda pes temperaturaly jisimlere degip durmagy netijesinde döreýän ýüzüň agyr sowuk almagy örän seýrek duş gelýär.

Sowuk almada dokumalarda kesel döremegine getirýän üýtgemeleriň emele gelmeginde iki döwür bolýar: 1) dokumanyň pes temperaturaly döwri; 2) dokumalar ýylanandan soňra döreýän döwür. Gan damarlaryň başda ýygrylmagy, soňra bolsa olaryň gan lagtalary bilen petiklenmegi bilen döreýän bozulmalaryň ýüze çykyş alamatlaryny hut ikinji döwür kesgitleýär.

Birinji döwürde näsaglar ýüzüniň pes temperatura sezewar bolan ýerinde jümşüldi, awuşama, agyry duýgularyny, soňra bolsa bu ýerlerde duýgusyzlyk duýýarlar. Ejir çekenler, köplenç ýagdaýda, sowuk almanyň döreýänligini duý-

maýarlar. Gözden geçirilen ýagdaýynda bu döwürde zeperlenen ýerde deriniň has solak reňkini, ýerli temperaturanyň peselmegini, agyry duýgularynyň ýitmegini ýüze çykarmak bolýar. Sowuk alan dokumalar ýyladylandan soňra (ikinji döwür) zeperlenmäniň agyrlyk derejesine bagly bolup ýüze çykýan güýçli bildirýän agyry we beýleki alamatlar döreýär.

Zeperlenmäniň çuňlugyna baglylykda sowuk almagyň 4 derejesi bolýar:

**I dereje.** Dokumalar ölmeýär, dörän üýtgemeler aýrylýar, geçip gidýär. Näsaglar gijilewüge, sanjymly, güýçli depginli agyrylara, jyzlama, doňan ýaly we garynja ýöreýän ýaly duýgulara arz edýärler. Deri gögümtil (mermer) öwüşginli gyzaran bolýar. Dokumalaryň güýçli ýellenmesi döreýär. Agyra duýgurlyk peselýär. Sanalan üýtgemeler 3-7 günden doly aýrylýar we ondan soňra birnäçe wagtlap deriniň ýüzleý gatlagy sypyrylyp durýar.

**II dereje.** Deriniň ýüzleý gatlagy ölýär. Näsagyň arzlary I derejeli sowuk almagyndaky ýaly, emma agyrylar gijelerine güýçlenýär we 2-3 gün dowam edýär. Ölen deriniň ýüzleý gatlagy gopup başlaýar we ýeke duran ýa-da köpsanly gabarçaklar emele gelýär. Olaryň içi sary ýa-da ganly suwuklyk bilen dolýar. Eger-de gabarçaklaryň üstüni aýyrsaň, al-gyrmyzy reňkli güýçli agyryly çuňňur deri gatlagy ýalaňaçlanýar. II derejeli sowuk almada ýaralar 10-15 günüň dowamynda deriniň örtgi dokumaly goşundylary arkaly doly bitýär.

**III dereje.** Deriniň hemme gatlaklary we aşagynyň ýumşak dokumalary ölýär. Näsaglar güýçli we uzak geçýän agyrylary, bozulan duýgurlygy duýýarlar. Içi ganly suwuklyk bilen dolan gabarçaklar emele gelýär. Gabarçaklaryň aşagyndaky çuňňur deri gatlagy gan inmegi sebäpli garamtyl reňkli, käwagtlar çalymtyl öwüşginli bolup biler. Gabarçaklaryň ýerinde araçäkleri 6-7 günden doly aýdyňlaşýan gara reňkli çüýrüntgi kesmegi emele gelýär. Kesmek düwür-düwür dokumaly ýara ýüzüni emele getirip, 3-4 hepdeden soň gopýar. Ol ýer gyralary boýunça bölekleýin örtgi dokuma bilen bertikler emele getirip bitýär.

**IV dereje.** Süňkleriň açylmagy, kähalatlarda olaryň hem zeperlenmegi bilen ýumşak dokumalar ölýär. Näsaglaryň arzlary III derejeli sowuk almakdaky ýaly bolýar. Güýçli bildirýän ýellenme ýüze çykýar we ol ölen ýumşak dokumalaryň çäginden hem geçip gidýär. Haýal gopýan kesmek emele gelýär. Näsagyň zäherlenme we agyr umumy ýagdaýynyň alamatlary ýüze çykýar. III we IV derejeli sowuk almaklygyny azyndan 5-7 günden soň, haçanda çüýremäniň çäkleri ýüze çykanda biri-birinden tapawutlandyryp bolýar. IV derejeli sowuk almanyň ahyrky netijesi tutuş synanyň ýa-da onuň böleginiň ýitirilmegi, ýüzde bolsa, köplenç, burnuň, gulaklaryň, ýaňaklaryň, duluk süňküň töwereginiň ýumşak dokuma bölekleriniň ýitirilmegi, kemtikleriň emele gelmegi bolup durýar.

Ýüzüniň dikeldiş amallaryny geçiren, aýratyn hem, Filatowyň baldak şekilli kesim bölegi ulanylyp geçirilen amallardan soňra, näsaglaryň sowukdan howatyr bolmaklary gerekdir. Filatowyň baldak şekilli kesim böleginiň dokumalary sowuga ýokary duýgurlygy hemişelik saklaýar. Olar agyr derejeli sowuk alma 2-3 *sagadyň* dowamynda howanyň –5°C täsiri netijesinde hem sezewar bolup bilerler.

Sowuk alma bolan halatynda dogry we öz wagtynda berlen kömek (birinji döwürde) dörän üýtgemeleriň (şol sanda düzedip bolmajak üýtgemeleriň hem) ýaýraňlygyny azaldyp biler. Bu dokumalardaky bozulan gan aýlanyşygynyň dikeliş tizligine we pes temperaturaly döwrüniň gysgaldylmagyna bagly bolup durýar. Solak deriniň zeperlenen ýeri gyzarýança we ýylaýança dowam edilýän ýylyjak el ýa-da ýüň mata bilen geçirilýän ýeňiljek owkalamalar netijeli bolup biler. Soňra derini spirt ýa-da arak bilen süpürýärler, wazelin ýa-da başga ýagy çalýarlar. Eger-de ejir çeken ýyly jaýda bolmasa, onda ýyladyjy sargylar goýmak gerek. Bedeniň sowuk alan ýerlerini gar bilen süpürmek bolmaýar, eýsem-de, bu olaryň ýylamaklygyna däl-de, beter sowamaklygyna getirýär hem-de onuň netijesinde zeperlenmäniň agyrlyk derejesi artýar. Mundan başga-da, gar digirleri derini sypjyrdýar we zeperlenen deriniň iriňlemegi üçin şert döredýär. I derejeli sowuk alma boýunça ilkinji kömek berlenden soň, näsaglar ýörite bejergä mätäç däldirler.

II derejeli sowuk alma bolanda aşagynda örtgi dokumanyň bitmegi bolup geçýän gabarçagyň bütewüligini saklajak bolup çalyşmaly. Gabarçagy haçanda içiniň suwuklygy iriňlän halatynda aýyrýarlar. Ýüzüň dokumalaryna düzüminde ýokanja garşy dermanlar ýa-da zyýansyzlandyryjylar bolan melhemler çalýarlar. Kakadyjy serişdeleri ulanmak bolmaýar. III derejeli sowuk alma bolanda zeperlenen ýere ýoduň 5%-li erginini çalýarlar we kesmegiň tiz gopmagyny gazanýarlar. Ýaranyň iriňlemeginiň öňüni almak üçin ony wagtal-wagtal zyýansyzlandyryjy serişdeler bilen arassalap durmaly. Kesmek gopanyndan we düwür-düwür dokuma bilen örtülgi ýer emele gelenden soňra, tä bitýänçä, ýarany çygly sargynyň aşagynda saklamaly, ýagny ýapyk usul bilen alyp barmaly. Sargyny ezmek üçin zyýansyzlandyryjylaryň erginleri ulanylýar. Bu wagta çenli, ýagny kesmek gopýança we düwür-düwür dokuma bilen örtülen ýara emele gelýänçä, ýüzüň sowuk almasynyň bejergisini açyk usul bilen alyp barýarlar. IV derejeli sowuk alma netijesinde ýüzüň ýitirilen dokumalary we synalary dikeldiş amal bejergi çäreleri bilen düzedilmäge degişli bolup durýar. Sowuk alma bolan ähli näsaglara bürmege garşy gan syworotkasyny goýbermek gerek.

Sowuk alma sezewar bolan dokumalar pes temperaturanyň täsirine ýokary duýgurlyk ukybyna eýe bolýar. Sowugyň uzak bolmadyk täsiri netijesinde olaryň ikilenç sowuk alma sezewar bolmagy mümkin.

## 9.3. ÝÜZÜŇ WE AGYZ BOŞLUGYNYŇ SYNALARYNYŇ BILELEŞEN (KOMBINIRLENEN) ŞÖHLELENME ZEPERLENMELERI

Iki we ondan-da köp zyýan ýetiriji sebäpleriň döredýän kesel ýagdaýyny bileleşen zeperlenme diýip atlandyrýarlar. Bileleşen radiasion zeperlenme diýlip şöhle keselini döredýän radioaktiw maddalar bilen zeperlenmek ýagdaýynda alnan ok degen ýa-da ok degen däl ýaralanma aýdylýar. Şöhle keseli γ-bölejikleri we güýçli rentgen şöhleleri bilen daşky şöhlelenmegi ýa-da α- we β- bölejikleriň bedene ýara arkaly, dem alyş we iýmit siňdiriş ýollary boýunça düşmegi netijesinde döreýär. Şöhlelenme ýanyklary β bölejikleriň we gowşak rentgen şöhleleriniň täsiri netijesinde döreýär.

Şöhle keseliniň döreýşinde we geçişinde bölünýän başlangyç gan öýjükleriniň we limfositleriň ölmeginiň aýgytlaýjy ähmiýeti bar. Şöhle keseliniň ýüze çykyş alamatlarynyň derejesi kabul edilen ionlaşdyryjy şöhlelenmäniň möçber birligine bagly bolýar.

Şöhle keselinde bedeniň immunbiologik häsiýetleri düýpli pese gaçýar we bu bolsa öz gezeginde dokumalaryň bitmek ukybyny düýpli peseldýär: döwükler haýal birleşýär, ýumşak dokumalaryň ýaralarynyň bitmegi haýal we uzak amala aşýar. Şöhle keseli ýaralaryň bitmegini çylşyrymlaşdyrýar, mehaniki şikes bolsa şöhle keseliniň geçişini agyrlaşdyrýar (biri-birini agyrlaşdyrma alamatlar toplumy). Bedeniň kabul eden şöhlelenmesiniň möçberine baglylykda şöhle keseliniň birnäçe derejesi bar. Kabul edilen şöhlelenmäniň möçberi 1 *Gr*-den (1 *Gr* = 100 *rad*; *Rad.* – şöhlelenmäniň kabul edilen möçberiniň birligi. Rentgen – şöhlelenmäniň täsir ediş wagt möçberiniň birligi) az bolanda şöhle keseli döremeýär we bu ýagdaý şöhle şikesi diýlip atlandyrylýar. Adamda şöhle keseliniň ýeňil derejesi kabul edilen şöhlelenme 1-2 *Gr* möçberinde bolanda döreýär, orta agyrlyk derejesi 2-4 *Gr*, agyr derejesi 4-6 *Gr*, öran agyr derejesi 6 *Gr*-den köp bolanda döreýär. 10 *Gr* we ondan ýokary möçber ölüme sezewar edip biler. Şöhle keseliniň agyrlyk derejesiniň ýüze çykyşy köp babatda bile geçýän keselleriň bolmagyna baglydyr.

Şöhlelenme netijesinde dörän şöhle keselini geçişi boýunça 4 döwre bölýärler:

**I döwür – ilkinji alamatlar (başlangyç) döwri.** Şöhle zeperlenmesi ilkinji 24 *sagadyň* dowamynda döreýär we birnäçe sagatdan birnäçe güne (köplenç, 2 güne) çenli dowam edip bilýär. Ejir çeken gowuşgynsyzlyk, başaýlanma, kellagyry, suwsuzlyk, agyz guramasy, tagam alşyň bozulmagy ýaly duýgulary başdan geçirýär. Deri örtükleriniň gyzarmasy, bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagy, dem gysma, ýüreginiň çalt urmagy, arterial gan basyşynyň peselmegi ýüze çykýar. Hereketleriň bozulmagy, özüňi tolgundyryjy alyp barmak, seýrek halatlarda gowşaklyk we uka aşa ýykgynlyk bolup biler. Güýçli bildirmeýän beýni alamatlary, muskullaryň ýygrylmasynyň güýçlenmegi bildirýär. Garnynda tutgaý şekilli agyrylar, onuň ýellenmegi, yzygiderli geçmezlik alamatlary bolup biler. Ganynda ak öýjükler

wagtlaýyn köpelýär, gyzyl öýjükleriň çöküş tizliginiň ýokarlanmagy ýüze çykýar. Şöhle keseliniň ýeňil derejesinde keseliň ilkinji alamatlary ýüze çykarylmaýar. Beden ýokary möçberlerde şöhlelenme kabul eden ýagdaýynda näsagyň ýagdaýy komatoz görnüşinde bolýar. Bu döwürde ýaranyň ilkinji hirurgik arassalama amalyny geçirmek bolmaýar, sebäbi näsagyň bedenine goşmaça şikes ýetirip, onuň ätiýaçlyk mümkinçiliklerine öwezini dolup bolmajak derejede zeper ýetirmek mümkin. Amaly diňe jana howp salýan ýagdaýlarda geçirmeklige ýol berilýär.

**II döwür – gizlin (bildirmeýän ýa-da ýalan oňatlaşma) döwri.** Onuň dowamlylygy 12-14 gün (ýeňil we orta agyrlyk dereje zeperlenmede). Keseliň bu döwri wagtlaýyn oňatlyk, ýokarda getirilen alamatlaryň aýrylmagy, ganyň görkezijileriniň kadalaşmagy bilen häsiýetlendirilýär. Bu döwür ýaralaryň ilkinji hirurgik arassalama amalyny geçirmek üçin, şeýle hem görkezmeler bolanynda ikilenç hirurgik arassalamany geçirmek üçin hem (ýara iriňlän ýagdaýynda) oňaýly bolup durýar. Şeýlelik bilen, ýüzüň dokumalarynyň bileleşen şöhle zeperlenmelerinde ýaralaryň irki däl-de, gijikdirilen ilkinji hirurgik arassaçylygyny geçirýärler (ýaralanma pursadyndan soňra 24-*sag*-dan 48 *sag-a* çenli). Ol birtapgyrlaýyn, doly göwrümde we gutarnykly bolmalydyr hem-de berk we gutarnykly tikinleri goýmak bilen tamamlanmalydyr. Diňe bu talaplary doly we dogry berjaý etmek şöhle keseliniň möwjemegine çenli ýaranyň ilkinji birleşme bilen bitmegine şert döredýär, keseliň soňraky döwründe bolsa uly bolmadyk, üstüniň örtgi dokumasy bitmedik ýer hem uzak wagtlap bitmeýän ýara öwrülip biler. Mehaniki zeperlenen dokumalaryň nowokain sanjymlary görkezilendir. Ýokanja garşy dermanlary ulanmak hökmandyr. Giçki ilkinji hirurgik arassaçylyk (ýaralanma pursadyndan soň 48 *sag* geçeninde) ýaranyň iriňlemesiniň öňüni almasa-da, barybir, onuň geçişi üçin has oňaýly şertler döredýär we ýokançly çişme gaýrüzülmeleriň agyrlyk derejesini peseldýär. Ilkinji hirurgik arassaçylyk amala aşyrylanda, dokumalar kesilende, adaty ýaradaka garanyňda, tygşytlylyk az berjaý edilýär. Hemme özge jynslary (hatda örän kiçijikleri hem) ýekän-ýekän aýyrmaly, şeýle edilmese olar soňra ýaranyň içinde ýagyr ýerleriň döremegine getirýär. Ganaýan damarlary diňe bir daňman, hökman tikýärler (hatda kiçijikleri hem). Uly damardan gan akanda ony ýaranyň içinde hem, ondan birnäçe daşlykda hem daňýarlar (köplenç, daşky uky arteriýany). Şöhle keseliniň möwjeýän döwri gan akma dörese, onda ony saklamak örän kyn bolýar, hatda käwagtlar gan akma alamatlar toplumynyň ýüze çykmagy netijesinde, sözüň doly manysynda, mümkin hem bolmaýar. Döwük yşynda ýerleşen dişleri hökman sogurýarlar, döwük bölekleriniň ýiti gyralaryny bolsa düzleýärler.

Süňk ýarasynyň arassaçylygynda döwük yşynda ýerleşen ähli süňk uçundylary we dişleri aýyrýarlar. Süňk bölekleri düzedýärler we ýarany berk hem-de gutarnykly tikmeklige ýol berýän süňk birleşdirme amal usullary bilen (sim süňk tikini, çişler, kelep şekilli demirler, süňk üsti plastinalar we ş.m. bilen) berkidýärler (hemişelik berkitmegi amala aşyrýarlar). Süňk gysgyçly enjamlary

döwük bölekleriň ýokarda sanalan berkidiliş usullaryny ulanmak mümkin bolmadyk ýagdaýynda ulanylýarlar. Dişe berkidilýän seýikleri ulanmak bolmaýar, sebäbi olar diş etiniň nemli bardasyna şikes ýetirip bilýärler. Äň süňkleri ygtybarly berkidilenden soňra, nemli bardany tikmek bilen süňk ýarasyny agyz boşlugyndan ykjam edip çäklendirýärler. Soňra daşyndan äň süňklerini gurşap alan ýumşak dokumalary berk we gutarnykly tikýärler. Kemtikleri ýapmak üçin ýerli dokumalar bilen plastika usullaryny ulanmaga ýol berilýär. Ýaranyň içinden 24–48 *sagadyň* dowamynda suwuklyk akar ýaly hökman rezin zolaklary ulanýarlar we hökman ýerli ýokanja garşy derman goýberýärler.

Eger-de haýsy-da bolsa bir sebäp bilen ýarany doly we gutarnykly tikip bolmaýan bolsa, onda ol düýpli gaýrüzülmeler bilen, ikilenç birleşme netijesinde uzak wagtyň dowamynda bitýär.

Gizlin döwrüň dowamlylygy kabul edilen şöhlelenmäniň möçberine tersleýin deň diýip hasap edilýär. Has köp möçberde şöhle kabul edilende, gizlin döwür bolman hem bilýär we birinji döwrüň yzysüre üçünji döwrüň alamatlary ýüze çykyp biler.

**III döwür – şöhle keseliniň alamatlarynyň güýçli bildirýän ýa-da möwjeýän döwri.** Onuň dowamlylygy, takmynan, bir aý, emma ol uzak hem ýüze çykyp biler. Eger-de ol näsagyň ölümi bilen tamamlanmasa, onda III döwür IV döwre geçýär. Şöhle keseliniň möwjeýän döwründe durnukly pes gan basyşy ýüze çykarylýar. Gan akma alamatlar toplumy bildirýär, süňk ýiliginiň işi basylyp ýatyrylan, agranulositoz, beýni bozulmalary, deriniň gan aýlanyşygynyň üýtgemeleri, gaýtarmagy, içiniň geçmegi ýüze çykarylýar. Iýmit siňdiriş ýollarynyň nemli bardasynda sypjyryklar we başlar emele gelýär. Içki çykaryş mäzleriň işi peselen. Bedeniň garşylyk görkeziş ukyby güýçli peselen. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň üýtgemeleri häsiýetlidir. Onuň, şeýle hem badamjyklaryň we damagyň gyzarmasy we ýellenmesi, dodaklarda we dilde agyryly jaýryklary emele getirýär. Başlar dokumalaryň tutuş gatyna ýaýrap bilýär, süňk dokumasy ýalaňaçlanyp bilýär. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň sähelçe şikesinde hem başly-çüýreme agyz nemli barda çişme keseliniň döremegi gutulgysyzdyr. Şonuň üçin hem dişe berkidilýän islendik seýikler we enjamlar, oňat dakylmadyk aýrylyp-goýulýan ýasama dişler, pes hilli ýasalan emeli täçler we ýalňyş goýlan petikler agyz boşlugynda çüýreme-başlaryň döremeginiň sebäbi bolup bilýär. Bu gaýrüzülmäniň öňüni almak üçin şöhle keseliniň gizlin döwründe agyz boşlugyny sagdynlaşdyrmak, ýasama dişlerde ykjam timarlaýyş geçirmek gerek. Metal petikleri we aýrylmaýan ýasama dişleri aýyrmagyň geregi ýok, sebäbi olaryň şöhle ojagy bolmagy diňe ýaşaýyş bilen bir ýere sygyşmaýan şöhlelenme bolan ýagdaýynda ýüze çykyp bilýär. Jana ölüm howpuny salýan ýagdaýlar boýunça görkezmeler bolmasa, hiç bir amal çäresi geçirilmeýär.

**IV döwür – dikeliş ýa-da sagalyş döwri (agyr bolmadyk zeperlenmelerde), keseliň üznüksiz döwre geçmegi.**

**Kömegiň berlişi.** Radioaktiw zeperlenme ýerinden gaýragoýulmasyz ýagdaýda ähli näsaglary çykarmak: deri örtüklerinden, ýaralardan, nemli bardalardan hökmany dozimetriýa barlagy geçirmek bilen radioaktiw izotoplary aýyrmak; radioaktiw maddalar bedene düşende unitiolyň 5%-li ergini 5-10 *ml* muskul içre (beden içine poloniý düşende); tetasin-kalsiniň 10%-li erginini (*EDTA* kalsiý –dinatrili duz) – 20 *ml* glýukozanyň 5%-li ergininiň 500 *ml*-de 3-4 *sagadyň* dowamynda wena içre (beden içine stronsiý düşende) goýbermek görkezilendir. Glýukozanyň gipertoniki erginini (40%-li ergniň 40-60 *ml*), kalsiý hloridiniň 10%-li erginini (10 *ml*), askorbin turşusynyň 5%-li erginini, gistamine garşy dermanlary goýbermek, güýçli zähersizlendirme bejergisini geçirmek görkezilen. Barbituratlary, agyry aýryjylary, göknaryň we pirazolonyň önümlerini, sulfanilamidleri we gan döreýşini basýan başga dermanlary goýbermek garşy görkezilen.

Bileleşen şöhlelenme zeperlenmeleri bolan ýaralananlara şöhle keselini bejermekde tejribesi bolan stomatologlar, hirurglar we terapewtler toplumlaýyn bejergi geçirýärler. Degişli bejergi mümkin boldugyça ir başlanmalydyr we beýle edilmegi şikes zeperlenmesiniň we şöhle keseliniň netijesini oňatlaşdyrýar.

Ýüzüň we äň dokumalarynyň bileleşen şöhlelenme zeperlenmelerinde şöhle keseliniň bejergisi bilen utgaşykly, öz wagtynda we dogry geçirilen ilkinji hirurgik arassaçylyk, süňk bölekleriniň dogry berkidilmegi, ýokanja garşy dermanlary ulanmak, näsaga ýörite idegiň bolmagy we ony ýokumly iýmitlendirmek, ejir çekeniň sagalmagyna ýardam edýär we oňaýsyz netijäniň mümkinçiligini peseldýär.

# X BAP ÝÜZÜŇ WE ÄŇLERIŇ NERW KESELLERI

Neýrostomatologik keseller ýeterlik derejede çylşyrymly we doly öwrenilmedik bölüm bolup, olara dürli hünärmenler, şol sanda stomatologlar hem duş gelýär.

Bu bölüm özünde ýüzüň we äňleriň duýgurlyk we hereketlendiriş nerwleriniň kesellerini, şeýle hem wegetalgiýalary jemleýär.

## 10.1. ÝÜZÜŇ WE ÄŇLERIŇ DUÝGURLYK NERWLERINIŇ KESELLERI

Äň-ýüz sebetiniň dokumalary agyry duýujylaryň (reseptorlaryň) örän köplügi sebäpli pes derejeli gyjyndyryjylarda hem agyry duýgurlygynyň barlygy bilen häsiýetlendirilýär.

Ýüzüň agyrysy (prozopalgiýa) dürli sebäpli döräp biler. Ýüz agyrysy äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň çişme kesellerinde we olaryň şikeslerinde hem-de zeperlenmelerinde döreýär, agyry dişleýşiň bozulmalarynda we çekge-aşaky äň bogun kesellerinde döreýär hem-de güýçlenýär, ol gan damar kesellerinde, käbir içki synalaryň zeperlenmelerinde we sussupeslik, waswasylyk (depressiw, ipohondrik) ýagdaýlarda döreýär we azaply bolýar. Emma köpdürli keselleriň arasynda üç şahaly nerwiň newralgiýasy we newridi, şeýle hem dil-damak nerwiň newralgiýasy aýratyn ýer tutýar.

### 10.1.1. Üç şahaly nerwiň newralgiýasy

Üç şahaly nerwiň newralgiýasy diýlip, onuň nerw üpjünçilik ýerlerinde tutgaý görnüşli agyrylar bilen ýüze çykýan duýgurlyk bozulmasyna aýdylýar.

Üç şahaly nerwiň newralgiýasynyň döreýşi barada ýeke-täk pikir ýok, emma häzirki wagtda bu kesel, esasan, köp sebäpli diýlip hasap edilýär. Onuň sebäpleriniň arasynda aşakdakylar ýüze çykarylan: nerwiň geçýän süňk deşikleriniň daralmagy (mysal üçin, köplenç, kesel *sag* tarapda ýerleşýär), üç şahaly nerw düwnüň töwereginde beýniniň gaty bardasynyň bolmagy, kelle-beýniniň içki bardasynyň çişme keseli netijesinde kelle-beýniniň garynjyklarynyň suwuklygynyň aýlanmasynyň bozulmalary, nerw süýüminde molekulýar we kolloid bozulmalar, diş gatnaşygynyň bozulmagy we onuň netijesinde çeýneýiş ulgamyň bozulmasy we ş.m. Şeýle hem newralgiýanyň sebäbi ýokanjyň we ýüzüň sowuk täsiriniň netijesinde nerw şahalaryndaky çişme hadysalar, ruhy dartgynlyk ýagdaýlary bolup biler. Uly ýaşly adamlarda newralgiýa üç şahaly nerwiň beýni içre, şeýle hem beýniden daşky bölümleriniň gan damarlaryndaky bozulmalar netijesinde döräp biler.

Üç şahaly nerwiň newralgiýasy tutgaýly ýaly, seýrek bolmadyk ýagdaýda ýitileşýän, nerw sütüniniň ýa-da onuň şahalarynyň ugry boýunça ýaýraýan agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Agyry tutgaýy duýdansyz döreýär we duýdansyz togtaýar, birnäçe sekuntdan, 2-3 *min*-a çenli dowam edýär. Käbir ýagdaýlarda agyrylar ol diýen ýiti däl we seýrek ýüze çykýar, başga ýagdaýlarda bolsa, agyrylar örän yzygiderliligi bilen häsiýetlendirilýär we bir tutgaýdan soň başgasy başlanýar hem-de näsägda yzy üzülmesiz tutgaýlar barada pikir döreýär. Tutgaý döremeginden gorkusyna näsag geplemekden, naharlanmakdan we ýuwunmakdan saklanýar. Ýüzüň derisine, agyz boşlugynyň nemli bardasyna deglende, sowuk ýa-da gyzgyn bilen gyjyndyrylanda tutgaý döreýän uly bolmadyk ýerleri ýüze çykarmak bolýar. Bu ýerler «tutgaýly agyry döredýän ýeri» diýlip atlandyrylýar.

Üç şahaly nerwiň newralgiýasynyň häsiýetli alamaty agyry bolup, onuň ýaýramagy ýa-da «göçüp» durmagydyr. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda aşaky dodagyň agyrysy gulaga ýaýraýar, soňra bolsa ýokarky dodaga gaýdyp barýar. Agyrynyň başlangyç ýerleşen ýerinden ol gulak töweregine baryp ýetýär we soňra tutuş aşaky äň boýunça ýaýraýar. Agyry ýokarlygyna, ýagny gözasty töweregi boýunça ýokaryk we aşak ýaýraýar.

Näsaglaryň käbirlerinde agyrylar dişlere ýaýraýar we käwagt ýalňyşyp, olary sebäpkär diş diýip kabul edýärler hem-de sogurýarlar.

Käbir näsaglarda tutgaýlar özbaşdak (wegetatiw) nerw ulgamynyň bozulmalary bilen ýüze çykýar: zeperlenen tarapda derlemek ýüze çykýar, deri gyzarýar ýa-da solýar, sülekey çykyşy we burundan suw akmagy güýçlenýär. Haçanda üç şahaly nerwiň newralgiýasy çekge-aşaky äň bogun bozulmalary bilen bile geçeninde, näsäg agyry tutgaýyny gowşatmak üçin çeýneýiş hereketlerini edýär, agzyny açýar, dodaklary we ýaňaklary bilen sorujy hereketler edýär. Näsag bu hereketleri bilen gulak-çekge nerwiň şahalarynyň şikeslenmesini döretmeýän bogun kellejiginiň rahatlyk ýagdaýyny tapjak bolýar. Üç şahaly nerwiň newralgiýasy bolan näsaglarda seýrek bolmadyk ýagdaýlarda äň dişsiz bolýar. Ol dişler ýalňyşlyk bilen ýa-da sebäpkär diş hasap edilip ýa-da näsaglaryň talap etmegi netijesinde sogrulan dişlerdir.

Üç şahaly nerwiň I şahasynyň newralgiýasynda agyrylar gaş aýlawynyň we maňlaý töwereginde, çekge töwereginde ýerleşýärler. II şahasynyň newralgiýasyna agyry tutgaýynyň ýokarky dodagyň, aşaky gabagyň, burun ganatynyň töwereklerinde, ýokarky dişlerde we kentlewükde ýerleşmegi häsiýetlidir. III şahasynyň newralgiýasynda tutgaý agyrylary aşaky dodagyň, eňegiň, aşaky dişleriň, ýaňagyň we diliň töwereklerinde ýerleşýär.

Newralgiýany anyklamak üçin «tutgaýly agyry döredýän ýeri» duýgurlyk bilen üpjün edýän nerw şahalaryny lidokainiň 2%-li ergini (ýa-da başga bir ýerli agyrysyzlandyryjy) bilen baglaýarlar, agyry tutgaýynyň doly aýrylmagy bu kesel barada şaýatlyk edýär.

Üç şahaly nerwiň hakyky newralgiýasyny newritden we onuň käbir çişme we çiş kesellerinde döreýän newralgiýa alamaty diýilýän ýagdaýlardan tapawutlandyrmak gerek.

**Bejergisi.** Üç şahaly nerwiň newralgiýasynyň bejergisi örän çylşyrymly we kyn meseledir. Häzirki wagtda, esasan, amalsyz we hirurgik däl bejergi toplumy giňden ulanylýar. Newralgiýany bejermekligiň esasy şerti näsagda bile geçýän keselleri (ýokary arteriýa gan basyş, wegetatiw-damar bozulmasy, kelle-beýniniň gan--aýlanyşygynyň bozulmalary we ş.m.) boýunça hem bir wagtda bejergi geçirmekdir.

Keseliň başynda agyry tutgaýlaryna garşy derman (analgin, aspirin we ş.m.) we fiziki (darsanwalizasiýa, nowokaini elektrik togy bilen siňdirmek, diadinamiki ýa-da sinusoidal toklar) serişdeler, iňňe sançmak (akapunktura) ulanylýar. Käwagtlar nowokain baglamalary, degişli nerw sütüniniň töweregine 0,5-1,0 *ml* aminaziniň 0,25%-li erginini nowokainiň 2%-li ýa-da 4%-li erginde goýbermek netijelidir (arasyna 2-8 gün salyp, 3-5 sanjym). Käbir alymlar bellibir netije bilen biogen ýardamçy dermanlary (aloe, aýna meňzeş madda, ФИБС), öz ganyny sanjyp bejermegi, $B_1$, $B_{12}$ witaminleri (ýokumlary), nikotin turşusyny, beýniň gan aýlanyşygyny gowulandyrýan dermanlary, köşeşdirijileri ulanýarlar. Newralgiýany bejermek üçin häzirki wagtda epilepsiýa (garaguş) keseliniň tutgaýyna garşy dermanlary hem ulanylýar. Bu dermanlaryň agyry aýryjy, tutgaýa garşy we aň täsirleri bar. Bu dermanlar alamat görnüşli newralgiýada, şeýle hem adaty newralgiýa boýunça bejerginiň dokumalary zeperleýji usullary ulanylan bolsa netije bermeýär.

Newralgiýany bejermegiň esasy şerti näsagda bile geçýän keselleri (ýokary arteriýa gan basyşy, wegetatiw gan damar bozulmasy, kelle-beýniniň gan aýlanyşygynyň bozulmalary we ş.m.) boýunça hem bir wagtda bejergi geçirmekdir.

Üç şahaly nerwiň newralgiýasynyň bejergisiniň hirurgik usullaryna aşakdaky amallar degişlidir: alkogolizasiýa, newrotomiýa, nerwekserez, gasser düwnüni kesip aýyrmak, traktotomiýa we ş.m.

Muňa garamazdan, bejerginiň amal usullarynyň hiç biri-de, şol sanda giňişleýin geçirilýän hirurgik amallar hem, näsagyň doly we gutarnykly sagalmagyny üpjün etmeýär. Has beteri-de, newralgiýanyň soňraky döreýän gaýtalanmasy özüniň has durnukly (güýçli) geçýänligi we soňraky bejerginiň örän kyn bolýanlygy bilen tapawutlanýar.

### 10.1.2. Üç şahaly nerwiň newridi

Bu üç şahaly nerwiň şahalarynyň zeperlenmesi bolup, köp ýaýran keseldir. Köplenç, aşaky we ýokarky äň öýjük nerwleri, olaryň şahalanma ýerlerinde dürli şikes täsiriniň netijesinde zeperlenýär (ýüz süňkleriniň döwükleri, diş sogurmak, ýokarky äň boşlugyny düýpli açmak amaly-radikal sinusotomiýa (gaýmorotomiýa) we ş.m. amallar).

Üç şahaly nerwiň newridiniň häsiýetli alamaty ýüzüň ýumşak dokumalarynyň we dişleriň doňan ýaly duýgusyzlygydyr, käbir ýagdaýlarda duýgurlyk bozulmalary bilen birwagtda güýçli agyrylar hem döreýär. Bu agyrylar newralgiýadan ta-

pawutlylykda hemişelik we sorkuldaýan bolýar. Bu näsaglarda ýüzüň derisiniň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň duýgurlygy (agyry, gyzgynlyk, ten duýgurlygy), şeýle hem dişleriň elektrogyjyndyryjylygy bozulýar. Öýjük nerw ulgamynyň zeperlenmeleri aýlap we ýyllap dowam edýär, käwagtlar bolsa bejermesi örän kyn bolýar. Bejergi näçe ir başlansa, ol şonça-da netijeli bolýar.

Newridiň bejergisi sebäbini aýyrmakda jemlenendir. Narkotiki däl agyry aýryjylar, witamin we fiziki bejergi, nowokain baglama sanjymy maslahat berilýär.

Umumy kabul edilen çişmä garşy bejergi bilen birhatarda $B_1$ we $B_{12}$ witaminler, dibazol, şeýle hem fiziki bejergini (nowokaini ýa-da kaliý ýodidini elektrik togy bilen siňdirmek) belleýärler. Nowokain ýa-da lidokain baglamalary peýdalydyr. Amalsyz bejergi çäreleri peýdasyz bolanda, nerw gysylan ýagdaýynda, dekompressiýa, newroliz (ýagny nerwi bertiklerden boşatmak), käwägt bolsa nerwekserez geçirilýär.

### 10.1.3. Dil-damak nerwiniň newralgiýasy

Bu kesel örän seýrek ýagdaýda orta we gartaşan ýaşly adamlarda duş gelýär. Onuň sebäbi doly öwrenilmedik, emma esasan, nerwiň gysylmagyny keseliň sebäbi hasaplaýarlar (ulalan biz şekilli ösüntgi bilen).

Dil-damak nerwiniň newralgiýasynda diliň gapdalynyň yzky bölegindäki, onuň düýbündäki, damakdaky, kentlewük badamjyklardaky we kentlewük perdesi töwereklerindäki tutgaýly agyrylar häsiýetlidir. Agyrylar göze, gulaga we aşaky äňe ýaýraýarlar. Agyry tutgaýlaryň häsiýeti we depgini üç şahaly nerwiň newralgiýasyndaky agyrylar ýalydyr.

Agyry tutgaýlary ýuwdunmada, pallamada, gülküde, geplände döreýär hem-de bokurdakda guraklyk we üsgülewük döremegi bilen geçýär. «Tutgaýly agyry döredýän ýeri», adatça, damak badamjyklarynda ýa-da diliň kökünde ýerleşýär. Näsäglar tagam duýuşlarynyň bozuklygyndan, agyrynyň artýanlygyndan arz edýärler.

Bu keseliň üç şahaly nerwiň newralgiýasy bilen deňeşdirme anyklamasy «tutgaýly agyry döredýän ýeri» 10%-li lidokain erginini çalmak bilen geçirilýär, eger-de ýerli çalyp siňdirme agyrysyzlandyrmadan soňra agyry tutgaýy aýrylmasa, üç şahaly nerwiň newralgiýasy barada pikir edilýär.

**Bejergisi.** Ilkinji kömek görnüşinde «tutgaýly agyry döredýän ýeri» çalyp siňdirme agyrysyzlandyrma geçirmek bolar. Bejergi newropatologlar tarapyndan üç şahaly nerwiň newralgiýasyndaky ýaly, esasan, adaty derman bellemek görnüşde geçirilýär. Bejerginiň öňünden ýa-da onuň başynda gulak-burun-bokurdak we diş-äň ulgamyň sagdynlaşdyrmasy geçirilmelidir.

Amal bejergisi, esasan, neýrohirurglar tarapyndan geçirilip, onda biz şekilli ösüntginiň üçden bir bölegi ýa-da ýarsy kesilip aýrylýar.

## 10.2. ÝÜZÜŇ HEREKETLENDIRIŞ NERWLERINIŇ KESELLERI

Ýüzüň hereketlendiriş nerwleriniň keselleriniň arasynda ýüzüň keşp (mimiki) muskulaturasynyň doly däl ysmazy (parezi) ýa-da doly ysmazy (paraliji) bilen geçýän ýüz nerwiniň zeperlenmesi – newropatiýasy (ýa-da newridi) has köp duş gelýär. Ýüzüň gemispazmy we üç şahaly nerwiň hereketlendiriş süýümleriniň zeperlenmeleri has seýrek duş gelýär.

### 10.2.1. Ýüz nerwiniň zeperlenme alamatlar toplumy (newropatiýasy)

Ýüz nerwiniň zeperlenme alamatlar toplumy (*newropatiýasy*) onuň keseli (ýüz nerwiniň newridi we ş.m.) we şikesi netijesinde ýüze çykýar. Ýüz nerwiniň zeperlenmesiniň netijesi ýüz-keşp muskullarynyň ysmazy bolup, ol agyz burçunyň aşak sallanmagy we göz yşynyň giňelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Näsagyň ýüzi sagdyn tarapa gyşaran. Ýüz keşbiniň owadanlygynyň has beter bozulmagy gepläninde, güleninde, dişlerini syrtardanynda bildirýär. Zeperlenen tarapda göz gaşy ýokaryk galmaýar, göz yşy ýapylmaýar, gözüň buýnuz gatlagy gurap başlaýar, ýüzüň adaty ýygyrtlary düzlenýär. Naharlananda agzyň aşak sallanan burçundan seýrek bolmadyk ýagdaýda tüýkülik we suwuk iýmit akýar. Ýüzüň muskullarynyň hereketiniň ýitenligi sebäpli agyz boşlugynda iýmitiň hereketleri kynlaşan. Gepleýiş düşnüksiz bolýar. Sykylyk atyp, agzy bilen suw çüwdürip bilmeýär. Ýüzüň keşp muskullarynyň ysmazy näsaglaryň ruhy ejir çekmeleriniň sebäbine öwrülýär, olar köpçülikden çekilýärler we gaharjaň bolýarlar (*154-nji surat*). Ýüz nerwiniň newropatiýasynyň anyklamasy kynçylyk döretmeýär.



*154-nji surat.* Ýüzüň çep tarap ysmazy

**Bejergi.** Onuň bejergisi keseliň sebäbine we ýerleşýän ýerine baglydyr. Bejergi adaty amalsyz görnüşinde bolup biler we ol, ilkinji nobatda, keseliň sebäbini ýok etmäge gönükdirilendir. Eger-de newropatolog tarapyndan geçirilen adaty bejergi peýda bermese, ýüz nerwiniň işjeňligini ýa-da keşp (*mimiki*) muskulaturanyň nerw üpjünliligini (*reinnerwasiýasyny*) döretmeklige gönükdirilen amal bejergisini geçirýärler. Eger keşp (*mimiki*) muskulaturanyň nerw üpjünçiligini dikeltmek (*reinnerwasiýasy*) başa barmasa ýa-da bu amal geçirmek görkezilen däl bolsa, ýüzüň ysmaz dokumalarynyň hereket ýagdaýynda (*dinamiki*) ýa-da hereketsiz, durnukly ýagdaýynda (*statiki*) asylyp goýulmagyna gönükdirilen amal bejergisi geçirilýär. Bu-

lardan başga-da, ýüzüň zeperlenen ýa-da sagdyn taraplarynda ýüzleý üýtgediji (*korregirleýji*) amallar geçirilip bilner. Hemme amal bejergileri tertip boýunça geçirilýär.

Keseliň sebäbine we nerwdäki hadysanyň uzaklygyna baglylykda ýüz muskullarynyň ysmazy derman serişdeler bilen ýa-da amal usuly bilen bejerilip bilner. Derman serişdeler bilen bejergi, adatça, nerw keseller bölüminde geçirilýär we ol netijesiz bolsa, eger-de 3-6 aýyň dowamynda ýüzüň keşp muskullarynyň elektrogyjyndyryjylygy onuň oňatlaşma tarapyna üýtgemese, amal bejergä ýüz urýarlar.

Amal arkaly bejergi usullary, esasan, iki topara bölünýär: 1) ýüz- keşp muskullarynda kiçelmek hadysalary döremänkä, nerwiň özünde geçirilýän dikeldiş amallar; 2) mioplastika, ýagny hereketli muskuly ysmaz bolan bilen tikip birleşdirmek we timarlaýjy amallar.

Ýüz nerwiniň işini dikeltmek üçin birnäçe amallar geçirýärler. Nerwiň dekompressiýasy ýüz nerwiniň ýüz akabasynda gysylan ýagdaýlarynda amala aşyrylýar. Newroliz – ok degen ýaralanmalardan soňra emele gelen, şeýle hem ýüzde we gulakýany tüýkülik mäzinde geçirilen amallardan soňra dörän bertikden boşatmak amaly. Gönüden-göni neýrorafiýa – nerw üzüleninden soňra onuň uçlaryny boşadyp biri-birine tikýärler. Haçanda 1-1,5 *sm*-e çenli nerw kemtigi ýüze çykarylanda, olary golaýlaşdyrmak we birleşdirmek giňişleýin boşadylyp amala aşyrylýar. Nerw kemtigini öz nerwisiniň bölegi bilen doldurmak, 2-7 *sm* ölçegde kemtik döräninde uly gulak nerwini ýa-da injik nerwini ulanyp geçirýärler. Ýüz nerwiniň şahajyklarynyň ýerlerini çalyşmak, esasan, nerwiň ýaňak we gyra şahalaryny dikeltmek üçin ýüzüň keşbine has az ähmiýeti bolan maňlaý we boýun şahalaryny ulanyp geçirýärler. Ýüzüň atanaklaýyn nerw geçirilmesi – derasty geçelgede erkin geçirilen öz nerw bölegi ýerleşdirilip (injik nerwiňden alnan), zeperlenmedik ýüz nerwini birleşdirip, sagdyn tarapyň hasabyna ysmaz bolan muskullaryň işini dikeltmek amalydyr. Ýüz nerwini beýleki nerwler bilen tikmek, zeperlenen ýüz nerwiniň sütünini şol tarapyň beýleki nerwleri hem-de goşmaça, germew, dilasty nerwleri bilen birleşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

Ýüz-keşp muskullarynda elektrogyjyndyryjylygyň doly ýitmegi we olarda kiçelmegiň döremegi mioplastika amallaryny geçirmäge görkezme bolup durýar. Çekge we esasy çeýneýiş muskullaryndan kesim böleklerini ulanyp geçirilýän amallar has giň gerim aldy. Ozallar sagdyn muskuly ysmaz bolan muskul bilen birikdirmek onuň, ýagny ysmaz bolan muskulyň, nerwlenmegine we onuň işiniň dikelmegine getirýär diýip hasap edýärdiler. Häzirki wagtda beýle hadysany inkär edýärler we muskul kesim bölekleri arkaly ysmaz bolan ýüz-keşp muskullarynyň hereketsiz ýagdaýynda asylyp durmagy amala aşýar diýlip hasap edilýär.

Ýüz-keşp muskullarynyň ysmazyndaky mioplastiki amallary ýerli agyrysyzlandyrma ýagdaýynda amala aşyrýarlar. Çekge muskulyndan kesim bölegini alyp geçirilýän mioplastikada deri kesimini gulak ýelkeniniň öňünden dik geçirýärler. Çekge muskulynyň öň tarap bölegini, duluk ýaýynyň ýokarky gyrasyny açýarlar

we ýaýyň 2-2,5 *sm* bölegini kesip aýyrýarlar. Ujunda gatlagara dokuma bardasy bolan muskul kesim bölegini kesip aýyrýarlar. Kesim bölegini süňkden goparýarlar. Soňra burun-dodak ýygyrdynyň ýanynda, aşagynyň ýagly gaty bilen bilelikde ýarymaý görnüşinde derini kesip aýyrýarlar. Iki ýarany derasty gatlak boýunça birleşdirýärler we muskul kesim bölegini $180^0$ öwrüp, ony agzyň ýanyndaky ýaradan çykarýarlar. Muskul kesim bölegini agyz burçunyň ýanynda agzyň tegelek muskulyna we derä berkidýärler (*155-nji a surat*).



*a)* *b)*

*155-nji a, b suratlar.* Ýüzüň keşp muskullarynyň ysmazynda mioplastika amalynyň taslamasy:
*a* – çekge muskulynyň kesim bölegi bilen; *b* – esasy çeýneýiş muskulynyň kesim bölegi bilen

Esasy çeýneýiş muskulyndan alnan muskul kesim bölegi bilen geçirilýän mioplastika ýüz nerwiniň çekge we duluk şahalarynyň işi ýiteninde geçirilýär. Aşaky äň aşagyndan, onuň gyrasy boýunça ugurdaş kesim geçirilýär, çeýneýiş muskulyny açýarlar we onuň öň tarap, böleginden tutuş galyňlygy boýunça muskul kesim bölegini döredýärler. Agzyň burçunyň töwereginde aşagynyň ýagly gaty bilen bilelikde ýarymaý görnüşinde derini kesip aýyrýarlar. Derasty boýunça ýaralar birleşdirilip döredilen geçelgeden muskul kesim bölegini geçirýärler we ony agzyň burçunyň ýumşak dokumalaryna tikinler bilen berkidýärler (*155-nji b surat*). Esasy çeýneýiş muskulyndan muskul kesim bölegi döredilende, adybir nerwiň zeperlenip bilýändigi ýüze çykarylan we onuň netijesinde soňra muskul kesim bölegi kiçelýär. Şol sebäpli hem käbir alym lukmanlar esasy çeýneýiş muskulyny tutuşlaýyn ýüz-keşp muskulynyň işine geçirmekligi teklip edýärler.

Ýüz-keşp muskullarynyň ysmazynda muskul kesim bölekleri bilen geçirilýän mioplastikalardan başga-da, olaryň hereketsiz ýagdaýynda asylyp durmagy buduň ýasy gatlagara dokuma bardasynyň zolagy, poliamid sapagy arkaly timarlaýjy amallary geçirýärler. Onuň bir ujy agzyň burçunyň ýanynda tegelek muskula, beýlekisi bolsa duluk ýaýyna ýa-da aşaky äň täç ösüntgisine berkidilýär. Ýüzüň taraplarynyň meňzeş däldigini azaltmak üçin burun-dodak ýygyrdynyň ýanynda

goşmaça ýarymaý görnüşinde deri bölegini kesip aýyrýarlar. Mioplastiki amallary berkidiji ýelimli zolaklar bilen sargy goýmak bilen tamamlaýarlar.

### 10.2.2. Ýüzüň gemispazmy (ýüzüň ýarty böleginiň ýygrylmasy)

Kesel ýüzüň zeperlenen tarapynyň aýry-aýry keşp (*mimiki*) muskulaturasynyň ýa-da olaryň toparynyň titrewük, aýry-aýry muskul süýümleriniň ýygrylmasy (*fibrilýär*) ýa-da yzygiderli sazlaşykly ýygrylmalar (*kloniki*) görnüşindäki gaýtadan döreýän biygtyýar ýygrylma tutgaýlary bilen häsiýetlendirilýär (*156-njy surat*). Agyr ýagdaýlarda ýüzüň tutuş hemme muskullarynyň ýygrylmasy ýüze çykýar. Keseliň beterleşmegini ýüz nerw ulgamynyň süýümlerindäki ýa-da onuň kelle beýnisindäki hereketlendiriş maňzyndaky ýokanç sebäpli bozulmalar bilen düşündirýärler. Kesel örän seýrek ikitaraplaýyn bolýar. Keseliň tapawutly tarapy onuň geçişiniň haýallyk bilen agyrlaşmagydyr. Ýüzüň gemispazmy geçişi boýunça gysga wagtlyk yzygiderli sazlaşykly (*kloniki*), uzak (*toniki*) we garyşyk ýygrylmalar görnüşinde bolýar.



*156-njy surat.* Agyz töwereginiň çep tarap gemispazmasy

Ýygrylma tutgaýy duýdansyz, öz-özünden döreýär, emma käwagt näsaglar ony nahar iýmek, geplemek, gülki ýa-da ruhy dartgynlyk (gaharlanma, gorky, begenme we ş.m.) bilen baglanyşdyrýarlar. Näsag ýüzüniň muskullaryň tutgaýly ýygrylmalaryny öz islegi boýunça gaýtalap bilmeýär.

Ýygrylma tutgaýy, adatça, gözüň töwerek muskulyndan başlanýar, emma wagtyň geçmegi bilen birnäçe hepdäniň ýa-da aýyň dowamynda ýüzüň beýleki muskullaryna ýaýraýar. Başda olar sähelçe ýygrylma bilen hasiýetlendirilýär, soňra bolsa uzak (toniki) ýygrylmalara syrygýarlar. Tutgaýlar birnäçe sekunt ýa-da 1-5 *minut* dowam edýär we olar gysga wagtlaýyn pursatlar ýa-da birnäçe sagatlyk salymlar bilen kesilýär. Tutgaýlaryň ýygylygy dürli bolýar. Keseliň geçişi uzaklaşsa, tutgaýlar güýçli we uzak bolýar. Ýygrylma wagty agyry döremeýär we adatça, bolşy ýaly, uklap ýatan wagty ýüze çykmaýar. Bu kesel çagalarda bolmaýar.

Ýüzüň gemispazmynyň **bejergisi** newropatologlar tarapyndan geçirilýär. Ol, ilkinji nobatda, ruhy bejergi (psihoterapiýa) geçirmekde we derman serişdeleri ulanmakda (ýokanja garşy antibiotikleri, çişmä garşy, rahatlandyryjy (sedatiw) serişdeleri, witaminleri (ýokumlary)) şeýle hem fiziki bejergini bellemekde jemlenendir.

### 10.2.3. Üç şahaly nerwiň hereketlendiriş süýümleriniň zeperlenmeleri

Üç şahaly nerw garyşyk görnüşlidir. Duýgurlyk we özbaşdak (*wegetatiw*) süýümler bilen bir hatarda, onda hereketlendiriş süýümler hem bar. Olar beýni köprüsiniň gabygynda ýerleşen hereketlendiriş mañzyndan başlanýar we hereketlendiriş süýümler görnüşde ol ýerden çykýar hem-de üç şahaly nerwiň III şahasynyň hereketlendiriş bölegini emele getirýär.

Aşaky äň nerw kelleçanakdan çykandan soň iki sütüne bölünýär: öň tarapky (esasan, hereketlendiriji) we yz tarapky (esasan, duýgurlygy üpjün ediji). Öň tarapky sütün esasy çeýneýiş (*m. masseter propria*), çekge (*m. temporalis*) we daş tarapky ganat şekilli (*m. pterogoideus externus*) muskullaryň nerw üpjünçiligini amala aşyrýan 3 sany hereketlendiriji şahalary emele getirýär. Yz tarapky sütüniň hereketlendiriji şahalary iç tarapky ganat şekilli (*m. pterigoideus internus*) ýumşak kentlewügi dartýan (*m. tensor veli palatini*), deprek perdesini dartýan (*m. tensor tympani*), äň dilasty (*m. mylohyoideus*) muskullaryň we iki garynjykly muskulyň öň tarap garynjygynyň (*m. digastricus*) nerw üpjünçiligini amala aşyrýar.

Üç şahaly nerwiň hereketlendiriş böleginiň zeperlenmesi – äň gysylmasy (*trizm*) ýa-da çeýneýiş muskullaryň nerw üpjünçiliginden düşüp galmagy, ýagny muskullaryň işjeňliginiň bozulmagy we olaryň soňraky döwürde kiçelmesi (atrofiýasy) görnüşindäki alamat bilen hasiýetlendirilýär.

Kesel kesgitlenmesini çeýneýiş muskullaryň elektrogyjyndyryjylygyny kesgitlemegi özünde jemleýän näsagyň keseliniň geçişiniň barlagy esasynda goýýarlar. Üç şahaly nerwiň hereketlendiriş bölegi zeperlenende çeýneýiş muskullaryň elektrogyjyndyryjylygynyň peselmegi ýa-da doly ýitmegi ýüze çykýar. Näsaglaryň bejergisini stomatologlar we newropatologlar geçirýärler.

## 10.3. WEGETALGIÝALAR

Özbaşdak (*wegetatiw*) nerw ulgamynyň zeperlenmelerindäki ýüze çykýan neýrostomatologik keseller we alamatlar toplumlary köpdürlüdir. Olaryň arasynda has köp duş gelýänleri ýüzüň damar agyrylary, stomalgiýa we ýüzüň wegetatiw düwünleriniň (*gangliýalarynyň*) zeperlenmeleridir.

### 10.3.1. Ýüzüň damar agyrylary

Ýüzüň damar agyrylaryna üç şahaly nerwiň çetki şahalarynyň nerw üpjünçilik ýerlerinde däl-de, daşky uky arteriýa ulgamyna degişli ýüzüň damarlarynyň ugry boýunça ýaýraýan agyrylar häsiýetlidir.

Ýüzüň damar agyrylaryna (damar *prozopalgaýalaryna*) ýüzüň çakyzasyny (migren), wagtal-wagtal döreýän çakyza (*migrenoz*) newralgiýasyny, daşky uky arteriýanyň şahalarynyň bellibir ýerleriniň zeperlenmelerindäki damar newral-

giýasyny (*angionewralgiýany*), korotid-temporal alamatlar toplumyny (sindromy) degişli edýärler. **Ýüzüň çakyzasy (ýüzüň migreni),** köplenç, arteriýa basyşy simap sütünjiginiň 90/60 – 100/60 *mm* derejelerdäki pes gan basyşly (gipotoniýaly) näsaglarda duş gelýär we adatça, özbaşdak (*wegetatiw*) nerw ulgamyň isjeňliginiň bozulmasy (*wegetatiw disfunksiýa*) hem-de gan damarlaryň ýygrylma sazlaşyksyzlygy (*wazomotor distoniýa*) ýagdaýynda ýüze çykýar. Hepdede 1-2 gezekden ýylda 1-2 gezege çenli we birnäçe sagatdan 2-3 güne çenli dowamlylykdaky sorkuldaýan ýa-da basylýan häsiýetli, käwagt bolsa damar urgusy ýaly we hat-da ýakyp barýan agyrylar döreýär. Näsaglar agyry tutgaýlarynyň döremegini, köplenç, gyzgyn--sowuk gyjyndyrmalary, ýadawlyk, keýpiniň bozulmasy, ukusyzlyk bilen baglanyşdyrýarlar.

Adatça, agyrylar çekge töwerekde ýerleşýär we gözhana, gulaga, ýokarky äň dişlerine, seýrek halatlarda egne ýa-da ele ýaýraýar. Agyry tutgaýynyň öňünden we onuň döreýän wagty zeperlenme ýeriniň derisiniň gyzarmasy ýa-da onuň tersine solaklygy, gabaklaryň gögümtil bolmagy we ýüzüň ýellenmesi, damar şahalanmalarynyň ugry boýunça döreýän agyrylar we damar urgularynyň güýçlenmesi ýüze çykýar. Damarlaryň ugry boýunça agyrylar we damar urgusynyň güýçlenmesi, esasan, ýüzleý çekge arteriýanyň töwereginde ýüze çykarylýar. Käwagt bu ýagdaýyň üstüne kelledäki agyrlyk, gowşaklyk duýgusy, gaýtarmaklyk goşulýar. Näsaglar agyry tutgaýynyň başlangyç alamatlaryny duýup, goh – galmagaldan, ýiti ýagtylykdan gaçýarlar, hereketsiz ýatýarlar. Adatça, näsaglary ejirden uky dyndarýar.

**Wagtal-wagtal bolýan çakyza (*migrenoz*) newralgiýa** zeperlenen ýeriň damarlarynyň duýdansyz giňelmegi, deri örtükleriniň gyzarmasy we tutgaýly agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Keseliň döreýşi düşnüksiz. Köplenç, 40 ýaşa çenli erkek adamlar keselleýärler.

Çakyza newralgiýasy üçin agyrylaryň ýerleşýän ýeriniň birnäçe ýylyň dowamynda üýtgewsizligi, onuň döwürliligi we agyry alamat toplumynyň (*sindromynyň*) duýdansyz aýrylmagy häsiýetlidir. Kesel gozgananda, onuň döwri 1-2 günden 5-6 hepdä çenli dowam edip biler. Gaýtalanma ýygylygy ýylyň dowamynda 1-2 gezek, seýrek halatlarda 5-6 aýdan bolup biler.

Tutgaý görnüşindäki döreýän çuňňur agyrylar kütek, ýakyp barýan ýa-da basylýan, köplenç bolsa, damar urgusy ýaly häsiýetlidir we olar çekge töwereginde, gözleriň çuňňur içinde ýerleşip, kämahal «gözleriň çykyp barýan», «gözleriň gaçyp barýan» duýgusyny döredýär. Agyry tutgaýy birnaçe minutdan 2-3 *sagada* çenli dowam edip, köplenç, gözüň nemli bardasynyň gyzarmasy, göz ýaşynyň akmagy, burundan suw akmagy, agyz suwlanmagy, ýüzüň ýellenmesi bilen geçýär. Agyrylar ýokarky we aşaky äňe, ýüzüň tutuş ýarysyna, bilege, ýeňsä ýaýramak bilen kesel tutuş daşky wena we arteriýa ulgamyny özüne çekýär.

Agyry tutgaýy döwri näsag ruhy-hereket (psihomator güýçlenme) ýagdaýynda bolýar (agyry zerarly gygyrmak, iki ýana urunmak, özboluşly hereket ýagdaýynda durmak).

**Ýüzüň damar newralgiýasy (*angionewralgiýasy*)** düýp manysy boýunça ýüzüň «alamat» şekilindäki (*simptomatik*) çakyzasy (*migreni*) bolup, ýüzüň dokumalaryna, hususan-da daşky uku arteriýanyň tutuş damarýany simpatik ulgamynyň güýç netijesinde (mehaniki) zeperlenmelerinden soň döreýär. Has köp halatlarda **çekge arteridi** duş gelýär. Keseliň geçişi çekge töwerekde ýerleşen adaty çakyza (migren) tutgaýlary bilen häsiýetlendirilýär. Adaty alamatlaryndan başga-da, gowuşgansyzlyk, ukusyzlyk, beden gyzgynynyň ýokarlanmasy döreýär. El bilen barlananda zeperlenen damaryň ugry boýunça agyryly düwünjikler ýüze çykarylyp bilinýär.

***Karotid-temporal*** **alamatlar toplumy (sindromy)** içki uky arteriýanyň köpsanly duýgur nerw uçlaryny – hemoreseptorlary özünde jemleýän çyrmaşygyny (uky damarara ýumajygy – *glomus caroticum*) gyjyndyrylanda döreýan ýüzdäki güýçli agyrylar, şeýle hem dişleriň, gözüň, gulaklaryň, boýun töwereklerindäki agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Kesel boýunda geçirilen amallardan soňra, pes we ýokary gan basyş peselende, uky arteriýalarynda gan aýlanyşygynyň bozulmasynda we olaryň trombozynda döräp bilýär.

Ýüzüň damar agyrylarynyň (damar *prozapalgiýalarynyň*) **bejergisini** newropatologlar amala aşyrýarlar. Bejergi damar serişdeleri (*difenin, nikotin turşusy, regitamin* we ş.m.), witaminleri we fiziki bejergini geçirmeklige esaslanandyr.

### 10.3.2. Stomalgiýa (glossalgiýa, glossodiniýa)

***Stomalgiýa*** diýlip, agyz boslugyndaky ýakymsyz duýgular bilen häsiýetlendirilýän ýagdaýa düşünilýär. Stomalgiýa simpatalgiýanyň aýdyň mysaly bolup, köplenç, glossalgiýa görnüşinde ýüze çykýar. Kesel birnäçe ýyllaryň dowamynda geçip bilýär we köplenç, aýallar ejir çekýärler.

Stomalgiýa neýrotrofiki bozulmalar bolan agyz boşlugynyň we diliň nemli bardasynyň gyzarmasy ýa-da solaklygy, ýellenmesi bilen häsiýetlendirilýär. Näsaglar agyz guraklygyna getirýän giposaliwasiýa görnüşindäki we onuň ornuna käwagt döreýän agyz suwlanmagy görnüşindäki tüýkülik bölünip çykmagyň işjeňliginiň bozulmasyna arz bildirýärler.

***Glossalgiýanyň*** döremegi dilde tagam duýmazlyk we agyrlyk duýgusy görnüşinde ýüze çykýar we adatça, bu ýagdaýy uzak wagtlap geplemek netijesinde ýadamak bilen baglanyşdyrýarlar. Dil ulalýar, emma ol gözden geçirilende, çişme hadysasynyň alamatlaryny ýüze çykaryp bolmaýar. Kabir näsaglaryň gepleýşi düşnüksiz bolýar we bu agyrylar bilen düşündirilýär, emma iýip-içeninde agyrylar tiz aýrylýar. Näsaglar diliň öň tarap ⅔ böleginiň ýa-da kökünin awuşaýandygyna, güjeýänligine, sanjylmasyna, seýrek halatlarda duýgurlygynyň peselmesine arz edýärler; kähalatlarda tutuş diliň ýarysy ýa-da ol iki tarapdan hem şeýle ýagdaý döreýär. Bu alamatlaryň hemmesiniň ýüze çykmagynyň depgini näsagyň ruhy ýagdaýyna baglydyr. Onuň ýerleşişi bolsa üýtgeýär we kentlewüge, dodaklara we ýaňaklaryň nemli bardasyna ýaýrap biler.

Stomalgiýadaky agyrylar newralgiýadakydan tapawutlylykda tutgaý häsiýetli bolmaýar, diliň el bilen barlanmagy bolsa agyryny güýçlendirmeýär. «Agyry tutgaý ýerleri» ýüze çykarylmaýar.

Glossalgiýaly näsaglar, köplenç, howply çişden gorky (*kanserofobiýa*) bilen ýaşaýarlar, şu sebäpli hem geçirilýän bejerginiň çäklerinde ruhy bejergi (psihoterapiýa) geçirmegiň wajyp orny bardyr.

Stomalgiýanyň (glossalgiýanyň) bejergisini newropatolog amala aşyrýar we ol nerw ulgamynyň işjeňliginiň kadalaşdyrylmagyna gönükdirilmelidir.

### 10.3.3. Ýüzüň özbaşdak ( wegetatiw) nerw düwünleriniň (gangliýalarynyň) zeperlenmeleri

Ýüzüň esasy wegetatiw gangliýalaryna ganat-kentlewük, kirpik, gulak, äňasty we dilasty gangliýalar dedişlidir.

**Ganat-kentlewük düwnüň gangliolidi (*ganglionewridi*)** has ýygy duş gelýär. Adatça, keseliň döremegini esasy (pahna şekilli) we ýokarky äň boşluklaryň, gözenek süňküň öýjükleriniň çişme hadysalary, diş ýa-da damak sebäpli çişme keseller, nerw düwün ýeriniň şikesi bilen baglanyşdyrýarlar. Döremegine ýardam edýän sebäplere aşa ýadawlyk, ukyny oňaýly almazlyk, tolgunma ýagdaýy, güýçli goh-galmagal, alkogolly içgiler ulanmak we zäherlenmeler degişli edilýär.

Ganat-kentlewük düwnüň zeperlenmesinde, köplenç, gije, duýdansyz döreýän gözhana töweregindäki, göz almasyndaky, burnuň düýbündäki, ýokarky we aşaky äňdäki ýüze çykýan agyrylar bilen häsiýetlendirilýär. Agyry tutgaýy ýüzüň ýarysynyň derisiniň gyzarmasy we ýellenmesi, göz ýaşarmasy, burundan suw akmagy (renoreýa) bilen geçýär. Agyry tutgaýynyň dowamlylygy birnäçe minutdan 1-2 güne çenli bolýar. Burun boşlugynyň nemli bardasynyň yzky böleginiň adrenalinli 10%-li lidokain ergini bilen geçirilen applikasion agyrysyzlandyrmadan soňra agyry tutgaýynyň aýrylmagy gangliolidiň wajyp anyklaýyş alamatydyr.

**Kirpik düwnüniň zeperlenmesi** göz alma töwereginiň we onuň yzyndaky boşlugyň (retrobulbar) tutgaýly agyrysy bilen häsiýetlendirilýär. Ýygy gaýtalanýan dürli depginli agyry tutgaýlary birnaçe minutdan 1-8 sagada çenli dowam edýär we gözden ýaş, burundan suw akmagy, konýunktiwit we ýagtylyk gorkusy bilen geçýär. Burnuň we maňlaýyň derisinde, köplenç, gerpes örgünleri (uçuklary) döreýär.

**Gulak düwni zeperlenende,** näsaglar çekge töwereginde we gulak deşiginiň öň ýanyndaky, aşaky äňe ýaýraýan ýakyp barýan tutgaý sekilli agyrylara arz edýär. Agyrylar gulakdaky güwwüldi we agyz suwlanmasy bilen bile geçýär. Keseliň esasynda damak badamjyklary we diş keseli sebäpli ýüze çykýan ýokançly hadysalar we zäherlenmeler ýatyr. Ýardam ediji sebäplere sowuklama, şikes zeperlenmeleri degişli edilýär.

Gulak düwnüniň zeperlenmesiniň anyklaýyş barlagy daşky gulak geçelgesi bilen aşaky äň bogun kellejiginiň arasyna derasty 1%-li nowokain ergini sanjylanda agyry tutgaýynyň aýrylmagydyr.

**Äňasty we dilasty düwünleriň** ýakyn ýerleşmegi, olaryň arasyndaky köpsanly baglanyşyklar, hakykat ýüzünde, hassahana şertlerinde hem olaryň aýry-aýrylykdaky zeperlenme derejelerini tapawutlandyrmak mümkinçiligini aradan aýyrýar. Äňasty düwnüň zeperlenmesine äňasty töweregiň we diliň agyrylary häsiýetlidir, bu bolsa agyz suwlanmagy (*gipersaliwasiýa*) ýa-da onuň tersine az tüýkülik çykmagy (*giposaliwasiýa*) we hatda agyz guraklygy (*kserostomiýa*) döremegi bilen geçýär. Agyrylar dil, aşaky we ýokarky äň, ýeňse, boýun töwereklerine ýaýrap bilýär.

Dilasty düwnüň zeperlenmesi agyrylar we onuň äňasty düwnüň zeperlenmesindäki ýerlere ýaýramagy bilen ýüze çykýar, emma olaryň depgini pes bolýar. Iki düwnüň zeperlenmesine hem nahardan soň döreýän agyrylar häsiýetlidir.

Gangliolitleriň **bejergisi** toplumlaýyndyr we ol newropatologlar tarapyndan geçirilýär. Geçirilýän bejerginiň çäklerinde agyz boşlugyny sagdynlaşdyrmagyň wajyp ähmiýeti bardyr, bu bolsa näsaglaryň bu toparynyň bejergisinde stomatologyň gatnaşmagyna esasdyr.

# XI BAP ÇEKGE-AŞAKY ÄŇ BOGNUŇ ZEPERLENMELERI WE KESELLERI

## 11.1. ÇEKGE–AŞAKY ÄŇ BOGNUŇ AGYRYLY IŞJEŇLIK BOZULMA ALAMATLAR TOPLUMY

Bu çekge–aşaky äň bognuň keselleriniň arasynda has köp duş gelýän keseldir. Köp lukman-alymlaryň barlaglarynyň görkezmeklerine görä, çekge–aşaky äň bognuň işiniň bozulmagy, köplenç, bogundaky ähli hereketlere gözegçilik edýän we kadalaşdyrýan çylşyrymly nerw-muskul birleşmesindäki bozulmalar bilen kesgitlenilýär. Döreýän sazlaşyksyz muskul ýygrylmalary bogun içre tegelek ketirdewügiň we bogun ösüntgisiniň kellejiginiň şol bir pursatda dürli ýol geçmekligine getirýär.

Çekge–aşaky äň bognuň agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumynyň görnüşi özünde birnäçe alamatlary jemleýär. Bu ilkinji nobatda kelläniň degişli ýarty böleginde bolan dürli häsiýetli agyrylara bolan arzlar, aşaky äňiň hereketleriniň çäklenmegi, şakyrdy, aşaky äň gapdala gyşarmagy we çeýneýiş muskullarynyň ýygrylmagy bolup durýar. Näsag agzyny açjak bolanynda agyry birden güýçlenýär we soňra çeýneýiş muskullarynyň käbir ýerlerinde ýygrylma güýçlenýär hem-de äň umumy gysylmasy döreýär. Käwagt aşaky äň hereketlerinde bogunda şykyrdy ýa-da sürtülme, hytyrdy ýa-da şarkyldy görnüşinde sesler döreýär. Hytyrdy we sürtülme bognuň aşaky, aýlanýan böleginde, şarkyldy bolsa bognuň ýokarky, typýan böleginde döreýär. Aşaky äňi galdyrýan muskullar ellenilip barlanylanda, agyry duýgulary güýçlenýär.

Agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumyny bu bognuň dürli görnüşli çişme kesellerinden, üç şahaly nerw ulgamynyň newralgiýasyndan, dişleriň gatnaşyklarynyň bozulmagy bilen baglanyşykly bolan dişleýiş-bogun alamatlar toplumyndan, ruhy näsazlyk häsiýetli agyrylardan tapawutlandyrmak gerek. Wajyp anyklaýyş barlag çäresi çekgasty gerşiň ýanynda P. M. Ýegorow boýunça üç şahaly nerw ulgamynyň hereketlendiriş şahalaryny agyrysyzlandyryjy ergin bilen baglamakdyr. Bu çäre muskul ýygrylmasyny aýyrýar we onuň netijesinde agyry duýgulary togtaýar hem-de aşaky äň hereketleri oňatlaşýar.

**Bejergisi.** Çekge–aşaky äň bognuň agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumynyň bejergisi keseliň sebäplerini aýyrmaga we ilkinji nobatda dartgynly ýagdaýlary, çeýneýiş işjeňliginiň bozulmalaryny (ukuda-diş çalmak görnüşindäki ýaly), gaty iýmitleri çeýnemegi we bogna agram salýan, aşaky äň dartgynlygyny ýa-da ýadawlygyny, doňan ýaly duýgusyny döredýän hem-de çeýneýiş muskullaryň ýygrylmagyna getirýän ýagdaýlara garşy gönükdirilmelidir. Özüni ynandyrmak boýunça türgenleşik, bejergi maşklaryny, ýygrylan muskullaryň owkalamasyny, dürli ýyladyjy çäreleri, iňňe sanjym bejergisini, derüsti elektro agyrysyzlandyrmany, 1%-li

trimekain ýa-da başga agyrysyzlandyryjylar bilen ýygrylan muskullaryň ýerli gabaw sanjymlaryny geçirmek gerek.

Çekge–aşaky äň bognuna düşýän güýji ýörite äň enjamlary bilen hem azaldyp bolýar (aşaky äň hereketlerini çäklendirýän). Aşaky äň hereketlerini çäklendirmek çeýneýiş muskullaryna, bogun bagjyklaryna we bardasyna, bognuň başga böleklerine rahatlyk ýagdaýyny döredýär. Görkezmeler bolan ýagdaýynda diş-äň ulgamyndaky ortopediýa bozulmalar hökmän düzedilmelidir (diş gatnaşygyny kadalaşdyrmak).

## 11.2. ÇEKGE–AŞAKY ÄŇ BOGNUŇ ÇIŞME KESELLERI (ARTRITLERI)

Çekge–aşaky äň bogunlaryň çişme keselleri mahsusy däl ýokançly, mahsusy ýokançly, şikesden soňraky, gan bilen ýaýrap geçen we gapdal ýerlerden ýaýrap geçen görnüşlere bölünýärler.

**Mahsusy däl ýokançly çişme keseller** bognuň süňk-kekirdewük özenini zeperlemezden, ilki başdan bognuň we bogun töwereginiň ýumşak dokumalarynda ýerleşen bogun ýüzleriniň bedeniň ýokary duýgurlylygy esasyndaky çişme hadysa görnüşli geçýär. Kesel guragyrynyň, dümewiň, orta gulagyň, kentlewük badamjyklarynyň çişme keseli esasynda döreýär. Bognuň ýiti çişme keselleri üç şahaly nerw ulgamynyň şahalarynyň ugry boýunça ýaýraýan we aşaky äň sähelçe hereketinde güýçlenýän bogundaky güýçli agyrylardan başlanýarlar. Zeperlenen bognuň töwereginde sähelçe ýellenme döreýär, ellenilende agyryly bolýar. Daşky gulak geçelgesiniň öň tarap diwary hem ýellenen. Agzyny açanynda bogun kellejikleriniň birmeňzeş däl hereketleri döreýär, zeperlenen tarapda onuň hereketleri çäklenen. Agzynyň açylyşy doly däl. Keseliň ýiti döwri ýuwaş-ýuwaşdan üznüksiz döwre geçýär. Ýitileşme iki bogunda hem döräp bilýär. Bogun töwereginiň dokumalaryndaky üýtgemeler gowşak bildiren, emma, adatça, onuň hereketleri bozulan. Aşaky äň hereketlerinde «ses» alamatlary döreýär (bogundaky hytyrdy, şakyrdylar).

Rentgen suratda ýiti döwürde bogun yşynyň giňelmegi, üznüksiz daralmagy kesgitlenilýär. Bu topar keselleriň geçiş alamatlarynyň meňzeşligine garamazdan, guragyry görnüşi çekge-aşaky äň bognuň sebäbi, beýleki çişme kesellerinden köpsanly bogunlaryň zeperlenmegi, rahat ýagdaýda hem güýçli agyrylaryň barlygy bilen tapawutlanýar. Kesel guragyrynyň möwjemeleri esasynda geçýär. Näsaglarda ýüregiň kesel alamatlary (ýürek muskulynyň, onuň içki örtüginiň çişme kesel alamatlary), ganda oňaýly gury agyry barlagy ýüze çykarylýar.

Çekge–aşaky äň bognuň çişme kesellerini, orta gulagyň ýiti çişme keselinden, üç şahaly nerw ulgamynyň newralgiýasyndan, çekge–aşaky bognuň agyryly işjeňlik alamatlar toplumyndan tapawutlandyrmak gerek.

**Mahsusy ýokanç bogun çişme keseller.** Keseliň inçekesel we aktinomikoz görnüşleri bognuň gapdal ýerlerden ýaýrap geçip zeperlenmegi netijesinde, merezýel we sözenek görnüşleri bolsa, köplenç, gan arkaly geçip döreýär. Sözenek görnüşinden başga, bu keselleriň ählisine haýal, üznüksiz geçmek häsiýetlidir.

Sözenek bogun çişme keseli ýumşak dokumalaryň güýçli ýellenmesini we güýçli agyrylaryny döredip, ýiti geçýär. Mahsusy bogun çişme kesel hadysasynda bognuň hemme bölekleri çekilýär we onuň netijesinde bogun ýüzleriniň kekirdewük örtgüsiniň düýpli bozulmalary döreýär.

Kesel kesgitlemesi bar bolan esasy keseliň, oňaýly netije çykan ýörite we serologik barlaglarynyň, rentgen suratdaky kesgitlenilýän bogun ýüzleriniň düýpli bozulmalary esasynda goýulýar.

**Çekge–aşaky äň bognunyň şikes çişme keseli.** Bir pursatda alnan şikesiň netijesi görnüşinde döreýär (müçükme, aşaky äňiň döwügi). Şikesden soňra şol wagt näsag aşaky äň hereketlerinde güýçlenýän, bognuň töweregindäki agyrylary duýýar. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda eýýäm birnäçe sagatdan soňra, bogun töwereginiň dokumalarynyň ýellenmesi emele gelýär. Bu ýagdaýda rentgen suratda, köplenç, bogun yşynyň has giňelmegi, bogun ösüntgisiniň we daşky gulak geçelgesiniň öň tarap diwarynyň gabyk gatlagynyň bütewüliginiň bozulmagy ýüze çykarylýar.

Üznüksiz şikes çişme keselleri bogna artykmaç güýç düşmegi bilen kesgitlenilýän uzak wagtlaýyn kiçi şikesleriň netijesinde döreýär. Köplenç, ol dişleriň gatnaşygynyň bozulmagy netijesinde döreýär: dişleriň, aýratyn hem uly azylaryň, kesel sürtülmesinde we ýitgisinde, emeli diş ýasalanyndaky säwlikler netijesinde. Bogundaky agyry we şakyrdylar bilen bir hatarda başaýlanma, kellagyry, eşidişiň peselmegi, gulaklardaky ses, agzyň guramagy we diliň ötmegi (Kosteniň alamatlar toplumy) ýüze çykyp biler. Ýiti döwürde deňeşdirme anyklamasy bogun ösüntginiň boýunjygynyň döwügi bilen, üznüksiz döwürde bolsa, glossalgiýa bilen geçirmek gerek.

**Çekge–aşaky äň bognuň gan bilen ýaýrap geçen çişme keselleri,** köplenç, irki çagalyk döwründe orta gulagyň we daşky eşidiş geçelgesiniň kesellerinde, haçanda çişme hadysa süňk bozulmalary bilen bolanynda ýüze çykýar. Ilkibaşda çişme hadysa deprek kirişi geçýän daşly-deprek yşy boýunça bogunýany dokumalara, soňra bolsa bogna ýaýraýar.

**Bognuň gapdal ýerlerden ýaýrap geçen çişme keselleri** aşaky äň şahasynyň osteomiýelit hadysasynyň, şeýle hem bognuň daş-töwereginiň ýumşak dokumalaryndaky flegmonalarda we absseslerde keseliň bogna ýaýramagy netijesinde seýrek duş gelýär.

**Bejergisi.** Çekge–aşaky äň bognuň çişme keselleriniň ýiti döwründe aşakdaky bejeriş usullary ulanylýar: 1) aşaky äňiň 10 günläp hereketsizlendirilmegi (Aýwi boýunça daňmak, eňek sapança şekilli sargy); 2) ýokanja garşy derman bejergi (ýokanja garşy dermanlar, sulfanilamidler); 3) çişmä garşy bejergi (salisilatlar, steroid däl çişmä garşy dermanlar); 4) kortikosteroid bejergi (3 gün aralyk bilen bognuň içine 1 *ml* (25 *mg*) gidrokortizon erginini sançmak, 3-4 sanjym); 5) çeýneýiş muskullaryň dartgynlygyny peseldiji dermanlary bellemek (*trioksazin*, *midokalm*); 6) fiziki bejergi (*HÝÝ* elektrik meýdany, nowokaini we lidazany elektrik togy bilen siňdirmek, gidrokortizony ultrases bilen siňdirmek, bogny geliý-neon lazeri bilen şöhlelendirmek); 7) ýerli täsirli dürli melhemler bilen bogun töwereginiň ýapgylary.

Bognuň şikes çişme kesellerinde goşmaça agyry aýryjy dermanlary we ş.m. belleýärler. Kesel döredijisi belli edilen mahsusy ýokançly bogun çişme kesellerini ýörite serişdeler bilen bejerýärler. Bognuň üznüksiz şikes çişme keselleriniň bejergisini dişleriň gatnaşygyny kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen ortopediýa we fiziki bejergi (kaliý ýodidini elektrik togy bilen siňdirmek, parafin, nebitdakyl we bejergi palçyk ýapgylary) bilen bilelikde toplumlaýyn geçirilýär.

Bognuň gapdal ýerlerden ýaýrap geçen we gan bilen ýaýrap geçen çişme kesellerinde gün-günden has agyr bozulmalary döredýän çişme hadysasynyň mundan beter ýaýramagynyň öňüni almak üçin bogundaky iriňli ojagy gyssagly kesip ýarmak we iriň akar ýaly sargy goýmak gerek.

## 11.3. ÇEKGE-AŞAKY ÄŇ BOGNUŇ ARTROZY

Çekge-aşaky äň artrozy – bu bognuň yzygiderli çişme hadysasy ýa-da üznüksiz şikesi netijesinde döreýän, bozulan madda çalşygy häsiýetli üznüksiz keseldir. Bu keselde birwagtda kekirdewük we süňk dokumasynda haýal geçýän zaýalanma we çişme hadysalar netijesinde, köplenç, bognuň süňk bölekleriniň üýtgemelerine we gyşarmalaryna getirýän süňk dykyzlaşma alamatlary döreýär. Onuň sebäpleriniň biri-de ýalňyş diş salynmagydyr we çeýneyiş muskul toplumynyň ýagdaýynyň üýtgemegidir.

Artrozyň dykyzlaşmaly we gyşarmaly görnüşleri bar.

**Dykyzlaşmaly artrozda** bognuň öýjükli süňk bölekleriniň ýüzleý we çuňňur gatlaklarynda dykyzlaşma ýüze çykýar. Dykyzlaşmaly artrozyň geçişiniň alamatlary örän pes ýüze çykýar. Näsagy käwagt ýiti bolmadyk agyrylar ynjalyksyzlandyrýar. Rentgen barlagynda bogun kellejiginiň, bogun çukurjygynyň we seýrek bolmadyk ýagdaýlarda bogun tümmejiginiň bogun ýüzleriniň süňk gyralarynyň dykyzlaşmasy, şeýle hem aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň gysgalmagy kesgitlenilýär.

**Gyşarmaly artrozda** süňk gyşarmasy döreýär we ol, köplenç, aşaky äň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň gyralarynda uçly çykyndylar görnüşinde (ýasy we uçly çykyndylar) ösüntgileriň emele gelmegi bilen ýüze çykýar. Gyşarmaly artrozyň kesel alamatlary has bildirip durýar. Ol gyşarmanyň göwrümine we derejesine bagly bolup durýar. Näsaglar, ilkinji nobatda, hemişelik agyrylara arz edýärler we ol aşaky äň hereketlerinde has-da güýçlenýär. Rentgen barlagynda aşaky äň bogun ösüntgisiniň kellejiginiň ulalmagyny, onuň görnüşiniň ýasy we uçly çykyndylar bilen bilelikde düýpli üýtgemegini ýüze çykarmak bolýar.

Keseli bognuň mahsusy we mahsusy däl çişme kesellerinden tapawutlandyrmak gerek.

**Bejergisi.** Bogna düşýän güýji ýeňilleşdirmek, üznüksiz şikesi peseltmek maksady bilen ortopediýa bejergisini geçirýärler, bogun töweregine fiziki bejergi belleýärler (nowokaini we kaliý ýodidini elektrik togy bilen siňdirmek, bejergi palçyklarynyň we parafiniň ýa-da nebitdakylyň ýapgylarynyň çalşyrylyp ulanylmagy – 20 gezege çen-

li). Şeýle hem gidrokortizonyň bogun içre sanjymlary ulanylýar (15-20 *mg* möçberde 3 sanjymdan köp bolmadyk). Keseliň ýitileşme döwürlerinde ýiti döwürde geçirilýän bejergi toplumyny amala aşyrýarlar. Ýokarda sanalan bejergi usullary peýdasyz bolanynda hirurgik bejergi görkezilendir (bognuň tegelek ketirdewügini kesip aýyrmak ýa-da aşaky äňiň bogun ösüntgisiniň kellejigini kesip aýyrmak we öz süňki ýa-da başga süňk bölegi bilen bogun plastikasy).

## 11.4. ÄŇLERIŇ GYSYLMAKLYGY

Çekge-aşaky äň bognunyň işiniň bozulmasy agzyň açylyşynyň çäklenmesinden başlap, aşaky äňiň doly hereketsizligi görnüşinde bolup bilýär.

Äňleriň gysylmaklary sebäplerine görä, dört sany görnüşde bolup bilýär: 1) äňleriň dartgynly ýapylmaklygy; 2) bertik kontrakturasy; 3) süňk kontrakturasy; 4) ankiloz.

### 11.4.1. Äňleriň dartgynly ýapylmaklygy (trizmler)

Äňleriň dartgynly ýapylmagy çeýneýiş muskullaryň üznüksiz ýygrylmagy ýa-da damar çekmesi netijesinde bolup, ol gelip çykyşy boýunça beýni-nerw ýa-da çişme hadysasy sebäpli bolup biler. Ol çeýneýiş muskullaryň nerw üpjünçiligi bilen baglanyşykly toplumyň gönüden-göni we gyjynma jogap duýujylygy esasynda döreýär. Äňleriň dartgynly ýapylmagy gelip çykyşy boýunça merkezi hem bolup biler, meselem, bürmek keselinde, beýni-gabyk çişmesinde, garaguş keseliniň tutgaýynyň dartgynly döwründe, psewdobulbar alamatlar toplumynda, yz tarap beýni çukurjygynyň kerep şekilli bardasynyň gan inmesinde, kelle-beýnisiniň köpri böleginiň çişinde, kakyn keselinde we ş.m.

Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň beýni-nerw görnüşini aşakdakylara bölýärler: 1) ruhy-aň; 2) merkezi; 3) çet ýer.

Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň çişme görnüşinde agyryly gyjynma jogap duýujylygy döreýär, ýagny agyra jogap hökmünde çeýneýiş muskullaryň ýygrylmasy bolup geçýär. Meselem, çeýneýiş muskullaryň töwereginiň, çekge-aşaky äň bognundaky çişme kesellerinde, aşaky äňiň periostidinde, çeýneýiş muskullaryň çişme keselinde, dokumalaryň şikeslerinde, sebitleýin agyrysyzlandyrma ýalňyş geçirileninde, dürli amallar we ş.m.

Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň üç derejesi bar: 1-nji dereje; agyz açylmasy sähelçe çäklenen; adatça, munda agyz aşaky we ýokarky merkezi alyn dişleriň kesiji gyralarynyň arasynda ölçelende, takmynan, 3 *sm*-e çenli açylýar; 2-nji dereje, agzyň açylmagy çäklenen, emma agyz 1*sm*-den uly açylýar; 3-nji dereje, agyz 1 *sm*-den hem az açylýar.

**Bejergi.** Äňleriň dartgynly ýapylmagynyň çişme görnüşiniň bejergisi çişme hadysasyny aýyrmaga gönükdirilen. Kähalatlarda agzyň gowy açylmaýanlygy sebäpli, iriňli ojagy ýarmak hem kyn bolýar. Bu ýagdaýda Berşe boýunça agyrysyz-

landyrma geçirmeli. Emma bu ýerde bellemeli zat, eger-de çişme kesel iki hepdeden köp wagtdan bäri bar bolsa we tutuş onuň dowamynda äňleriň dartgynly ýapylmasy bolan bolsa, onda äňleriň dartgynly ýapylmagynyň çişme görnüşini aýyrmak üçin geçirilen agyrysyzlandyrma bertik döremegine getirýän muskullardaky düýpli üýtgemeler emele gelýänligi sebäpli, ýeterlik bolmaýar.

### 11.4.2. Äňleriň bertik kontrakturasy

Bu aşaky äňi gurşap alýan dokumalarda emele gelen bertikleriň netijesinde döreýän äňleriň gysylmagynyň görnüşi. Bertik döremegine, ilkinji nobatda, ikilenç birleşme bilen bitýän ýara döremegine getirýän keseller sebäp bolýar.

Bertik dokumasynda, esasan, kollagen süýümler emele gelýär, çeýe süýümler bolsa az ýa-da olar ýok diýen ýaly. Şonuň üçin hem bertik dokumasy hakykat ýüzünde süýnmeýär. Bu ýagdaý, adatça, dokumalaryň we synalaryň gyşarmagyna getirýär. Äňleriň durnukly gysylmagyna getirýän aşaky äň bertik kontrakturasy bogunda däl-de, ony gurşap alýan dokumalarda emele gelýär.

Bertik kontrakturasynyň gelip çykyşy boýunça deri, nemli barda, muskul birleşdiriji dokuma görnüşleri bar.

Äňleriň bertik kontrakturalaryna şu aşakdaky kesel hadysalary getirip bilýärler: 1) agyz boşlugynyň başly-çüýreme keselleri (suwjarýan çüýreme, hörezek keseli, garahassalygyň, uýgunlaşmasyz ýürek-damar ýetmezçiliginiň çüýreme gaýrüzülmeleri); 2) agyz boşlugynyň we ony gurşap alýan dokumalaryň üznüksiz mahsusy çişme keselleri (merezýel, inçekesel, aktinomikoz); 3) gyzgynlyk netijesindäki we himiki ýanyklar; 4) şikes netijesinde zeperlenmeler, eger-de ýara ikilenç birleşme bilen biten bolsa; 5) howply we howpsuz çişler boýunca geçirilen amallardan soňra; 6) süňkleşýän muskul çişme keseli.

Ýüze çykyşy boýunça bertik kontrakturalary dürli derejeli bolýar: aşaky äň hereketiniň sähelçe çäklenmesinden, agzyň doly diýen ýaly ýapylmagyna çenli. Daşky gulak deşikleri boýunça barmaklar bilen bogun ösüntgileriň kellejikleri barlananda olaryň hereketleri ýüze çykarylýar. Şeýle hem aşaky äňiň sähelçe aýlanma we gapdal hereketleri saklanyp galýar.

**Bejergisi.** Bejergisi amal geçirmezden we amal usuly bilen geçirilýär. Bertik kontrakturasynyň bejergisi parafin, pirogenal, W.P. Filatow boýunça dokuma bejergisi, gialuronidaza, lidaza, ronidaza, gidrokortizon we ultrases ulanyp, amal geçirmezden bolup biler. Bertik kontrakturasynyň amal geçirmezden, bejergisiniň esasy maksady kollagen süýümleriň – gialinozynyň döremeginiň öňüni almak bolup durýar. Geçirilýän bejerginiň, eger-de bertikler ýaş, täze emele gelenine 9-12 aýdan köp wagt geçmedik bolsa, oňat netije berýändigini göz öňünde tutmak gerek.

Emele gelenine bir ýyldan köp wagt bolan bolsa, bertik kontrakturasynyň esasy bejergisi amal usuldyr. Amal bertik dokumany kesip aýyrmakda we başga dokuma

(deri, derasty dokuma, gatlagara dokuma bardasy we ş.m.) bilen doldurmakda jemlenen. Plastikanyň hemme görnüşi ulanylýar: ýerli plastika, aýaklyja kesim bölegi, Filatowyň baldak görnüşli kesim bölegi, dokumalaryň erkin geçirilmegi (esasan deri).

Kähalatlarda amal bejergiden soňra bertik kontrakturanyň gaýtalanmagy mümkin. Kontrakturanyň gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin amal bejergiden soňra uzak wagtyň dowamynda aşaky äňiň bejergi maşklaryny geçirmek gerek.

### 11.4.3. Äňleriň süňk kontrakturasy

Bu kontraktura aşaky äň şahasynyň (bogun ösüntgisinden başga) ýüzüň orta böleginiň süňkleri (ýokarky äň, duluk süňki) bilen emele gelen süňk arkaly birleşmesi netijesinde döreýär.

Süňk kontrakturasynyň sebäbi bolup, aşaky äň täç ösüntgisiniň, duluk süňküniň we onuň ýaýynyň, ýokarky äň döwükleri bolup durýar. Çylşyrymly döwükleriň netijesinde aşaky äň, ýokarky, äň duluk süňki ýa-da onuň ýaýy bilen süňk dokuma birleşmesi bolup geçýär we bu äňleriň durnukly gysylmagyna getirýär (*157-nji surat*).



*157-nji surat.* Aşaky äňiň çep tarap süňk kontrakturasy (rentgen surat).
Duluk süňküniň bedeni bilen aşaky äňiň täç ösüntgisiniň arasynda
garalma görnüşinde süňk birleşmesi görünýär

Keseli anyklamaga ýerli barlag (gaty emele gelen dokuma) we rentgen surat kömek edýär. Agzyň çäklenmesi doly derejede (*3-nji dereje*) bolup geçýär (köplenç ýagdaýda).

**Bejergisi.** Süňk kontrakturasynyň bejergisi amal usulynda we ondan soňra geçirilýän aşaky äň beden maşklarynda jemlenendir. Amalyň maksady süňk birleşmesini aýyrmak we gaýtalanmazlygy üçin ýumşak dokumalar bilen arany bekleme geçirmek, amaldan soňra bolsa işjeň we yzygiderli aşaky äň bejergi maşklaryny geçirmek bolup durýar.

### 11.4.4. Çekge-aşaky äň bognuň ankilozy

Çekge-aşaky äň bognuň ankilozy diýlip, bognuň içindäki durnukly bozulmalar bilen bagly bolan äňleriň gysylmagyna düşünilýär. Bu ýagdaýda süňkleriň bogun taraplarynyň birleşdiriji dokuma ýa-da süňk dokumasy arkaly birleşip bitmegi bolup geçýär. Ankilozyň döremeginde dürli ýokançly bogun çişme keselleri (artritler), çagalyk we ýetginjeklik döwrüniň osteomiýelitleri sebäp bolýar.

Kesel hadysasynyň başynda süňkleriň kekirdewük ýerleri «bulanýarlar». Bognuň içindäki tegelek kekirdewük süýümlere bölünýär. Bognuň daşky bardasy mürşýär. Süňkleriň bogun ýüzlerindäki kekirdewük barda bozulýar we durkuny üýtgedýär. Kekirdewük ýuwaş-ýuwaşdan ýok bolýar. Süňkleriň ikisiniň hem bogun taraplary gaty bertik birleşdiriji dokumasyna öwrülýär (birleşdiriji dokumaly ankiloz), soňra bolsa süňke öwrülýär, ýagny süňk ankilozy döreýär.

Ankiloz agzyň kynlyk bilen açylmagy (0,5 *sm*-e çenli ýa-da asla açylmazlygy), ýüzüň taraplarynyň deňsizligi, bogny gurşap alan dokumalaryň üýtgemegi (esasan, gyşarma görnüşde), daşky gulak deşikleri boýunça el bilen (barmak bilen) kesgitlenilýän bogundaky hereketleriň bozulmagy bilen häsiýetlendirilýär. Näsaglarda, köplenç, dişleýiş bozulýar, köp dişleriň döwülmegi, şeýle hem olaryň ýalňyş ýerleşmegi (maňlaý dişleriň ýelpewaç şekilli gýşarmagy) ýüze çykýar. Ankiloz özboluşly rentgen surat görnüş bilen häsiýetlendirilýär (gyşaran bognuň sudury, süňk arkaly aşaky äň çekge süňki bilen birleşmesi) (*158-nji surat*).



*158-nji surat.* Sag tarap çekge-aşaky äň bognuň ankilozy

**Bejergisi.** Birleşdiriji dokumaly ankilozyň bejergisini adaty çärelerden başlamak gerek. Kähalatlarda näsagyň bognunyň içine sanjym arkaly hepdede 2 gezek 25 *mg* gidrokortizon (*kenalog*) sanjylýar. Sanjymyň dowamlylygy jemi 5 gezek. Kortikosteroid gormonyň täsiri astynda bognuň içindäki birleşdiriji dokuma birleşmeler (esasan hem, täze döränleri) eräp siňýär. Süňk ankilozy we birleşdiriji dokumaly ankilozyň durnukly görnüşleri diňe amal usuly bilen bejerilýär.

Amal bejerginiň maksady mümkin boldugyça ozalky bognuň ýerinde täze ýalan bogun döretmegidir.

Süňki kesmek üçin iň bir amatly bolan ýer aşaky äň şahasynyň ýokarky we orta üçden bir bölekleriniň arasy, ýagny aşaky äň deşiginiň ýokarsy bolup durýar. Süňk bölekleriniň birleşmezligi üçin köpdürli çäreler teklip edilen:

1) dürli dokumalar we serişdeler bilen arany beklemek (esasy çeýneýiş muskulyň bölegi, but gatlagara dokuma bardasy, deri, ýörite taýýarlanylan gaty beýni bardasy, biologik plastmassa, plastmassa gapajyklar), şeýle hem ulanylýan Filatowyň baldagy bilen döredilýän arany bekleme oňat netijeler berýär, emma bu usul köp zähmeti we wagty talap edýär (A.A. Limberg boýunça); 2) süňkleriň arasynda giň aradaşlyk döretmek. Munuň üçin aşaky äň ýumşak dokumalardan giňişleýin boşadylmasy döredilýär we süňk çekdirmesi ulanylýar;

Bejerginiň bu usullary hökmany suratda aşaky äň işjeň we uzak wagtlap geçirilýän beden maşklary bilen utgaşdyrylmalydyr.

Häzirki wagtda bogun plastikasynyň özboluşly usuly-birmeňzeş synanyň geçirilmegi – jesetden alnan doňdurylan ýa-da howasyz şertlerde guradylan çekge-aşaky äň bognuny geçirmeklik (N.I. Plotnikow boýunça) ulanylan.

Adatça, çekge-aşaky äň bognunyň ankilozynda ösüş ýeriniň bozulýanlygy sebäpli aşaky äň doly ösmeýänligi üçin, köplenç ýagdaýda, iki wezipäni göz öňünde tutýan amal geçirilýär, ýagny diňe bir bogunda süňk birleşmesini aýyrmak bolman, eýsem, aşaky äň gyşarmasyny hem düzetmek wezipe bolup durýar. Bu wezipeleri berjaý edýän amal, süňk plastikasy bolup durýar. Geçirilýän süňk dokuma hökmünde näsagyň öz süňki (gapyrga, ýanbaş süňküniň kekeçjigi we ş.m.), şeýle hem formalinde taýýarlanylan, doňdurylan ýa-da howasyz şertlerde guradylan jeset süňki (birmeňzeş we birmeňzeş däl) ulanylýar (*159-njy a, b, ç suratlar*). Şeýle hem uglerodly kompozitden ýasalan imlantatlar we beden dokumalary üçin hiç bir täsirsiz metallar (tantal, titan we ş.m.), biologik plastmassalar ulanylýar.



*a)* *b)* *ç)*

*159-njy a, b, ç suratlar.* Çekge-aşaky äň bognuň ankilozynda şahanyň kesilmegi we süňk plastika amallary:
*a, b* – äňiň şahasynyň kesilmegi we aşak hem-de öňe süňk çekdirmesi;
*ç* – şahanyň birmeňzeş däl süňk allotransplantat bilen plastikasy

# XII BAP ÝÜZÜŇ, AGYZ BOŞLUGYNYŇ SYNALARYNYŇ, ÄŇLERIŇ WE BOÝNUŇ ÇIŞLERI, ÇIŞE MEŇZEŞ KESELLER WE KISTALAR

Häzirki wagtda umumy keselçiligiň we ol sebäpli ýüze çykýan ölümleriň arasynda onkologik keseller esasy orunlaryň birini tutýar.

Ýüzüň, äň, agyz boşlugynyň synalarynyň we boýnuň çişleri we çişe meňzeş keseller hasabat maglumatlaryna görä (Bernadskiý Ý. I., 2005; Annaberdiýew S. D., 2017), ýatymlaýyn hirurgik stomatologik keselleriň ählisiniň 13%-e çenlisini tutýar. Olaryň bedeniň jana wajyp synalaryna ýakyn ýerleşmekleri, dişleriň barlygy we ş.m. bilen düşündirilýän özboluşly geçişleri bar. Bu çişler, köplenç, işjeňlik we görk bozulmalaryny döredýär, şeýle hem ölüme (howply çişler) getirip bilýär. Äň-ýüz töweregiň gurluş-ýerleşiş (anatom-topografik) aýratynlyklary (jan üçin wajyp synalaryň ýakyn ýerleşmegi, özboluşly syna bolan dişleriň bolmagy we ş.m.) çiş hadysasynyň tiz ýaýramagyna esas döredýär. Emele gelen çiş bolsa äň-ýüz töweregiň dürli işjeňliklerini we keşbiniň düýpli bozulmalarynyň ýüze çykmagyna getirip bilýär. Bu keselde ýeke-täk düýpli çäre bolan amal bejergi, aýratyn hem giňişleýin geçirilende, çeýnemegiň, ýuwdunmagyň, geplemegiň, dem almagyň agyr bozulmalaryna we ýüz-keşbiň owadanlygynyň zaýalanmagyna getirýär. Äň-ýüz töweregine bedeniň islendik ýerinde duş gelip bilýän mahsusy däl çişler bilen bir hatarda syna mahsus bolan çişler hem häsiýetlidir (odontoma, ameloblastoma, epilis, şeýle hem tüýkülik mäzleriniň çişi – garyşyk çiş).

Ýüzüň we agyz boşlugynyň synalarynyň çişleri örän köpdürlüdir we bu olaryň dürli dokumalardan döreýändigi bilen baglanyşdyrylýar. Onkologik keselleriň görnüşlerini tertipleşdirmek maksady *BSGG* soňky onýyllyklaryň dowamynda Çisleriň halkara dokuma gurluş kesel bölünişigini (*ÇHDGKB*) döretdi. Ol çişler babatynda ylmyň we amaly üstünlikleriň häzirki zaman derejesini görkezýär hem-de çiş kesellerininiň köpdürlüligini has aýdyňlyk bilen beýan edýär. Näsagy bejermek üçin keseliň düýp manysyna düşünmegiň zerurlygy sebäpli, zeperleýän keseliň geçişiniň görnüşine, onuň gurluşy baradaky maglumatlara esaslanmalydyr.

*ÇHDGKB* üç sany esas goýlan: beden gurluşy boýunça ýerleşişi, dokuma görnüşi hem-de çişleri howpsuz we howply görnüşlere bölmek. Çiş keseliniň ýerleşişi bilen baglanyşyklylykda kesel bölünişiginiň aýry-aýry tapgyrlary döredilen we olaryň üçüsi ýüzüň we äňleriň çişlerine bagyşlanylan hem-de olar syna mahsus diýlip atlandyrylýar. Bu diş sebäpli dörän, tüýkülik mäzleriniň we agzyň nemli bardasynyň çişleridir. Ýüzüň, agyz boşlugynyň synalarynyň we äňleriň syna mahsus bolmadyk çişleri derä, ýumşak we süňk dokumalara bagyşlanan kesel bölünişik

tapgyrlarynda getirilen bedeniň beýleki ýerlerindäki çişlerine meňzeşdirler. Dokuma görnüş alamaty çişleriň dokumadan gelip çykyşyna we döreýşine esaslanandyr.

Hemme çişleri hakyky çişlere, çişe meňzeş kesellere we kistalara bölýärler. Deriniň, şeýle hem agyz boşlugynyň we damagyň nemli bardasynyň çişlerine bagyşlanan kesel bölünişik tapgyrynda howply çiş öňýany keseller hem getirilen.

*ÇHDGKB*-niň maglumatlaryna görä «çiş» we «täzeden döreme» adalgalary onuň döremeginiň sebäbi bes edileninden soň hem kada gabat gelmeýän köpelmegi netijesindäki dokumanyň artykmaç ösmegini aňlatmak üçin ulanylýar. Täzeden döremek ýagdaýy gümana bolan öýjükleriň köpelmegi çişe meňzeş kesel, hadysa ýa-da zeperlenme diýlip aňladylýar. Howply çiş öňýany ýagdaý (kesel) diýlip içinde madda alyş-çalşygy bozulan, heniz çiş bolup ýetişmedik öýjükleriň köpelmegine aýdylýar.

## 12.1. ÝÜZÜNIŇ, AGYZ BOŞLUGYNYŇ SYNALARYNYŇ, ÄŇLERINIŇ, BOÝNUNYŇ ÇIŞ ÖŇÝANY WE ÇIŞ ZEPERLENMELERI BOLAN NÄSAGLARYŇ BEJERGISINIŇ GURALYŞY HEM-DE YZYGIDERLI GÖZEGÇILIGI

Agyz boşlugynyň we damagyň nemli bardasynyň howply çişleri barlag üçin elýeter bolanlygyna garamazdan, 70% ýagdaýlarda keseliň geçişiniň III we IV döwürlerinde anyklanylýar. Bu diňe bir näsaglaryň bejeriş edarasyna giç ýüz tutmaklary bilen bolman, eýsem-de, lukmanlaryň onkologik hüşgärliginiň esaslaryny ýeterlik bilmeýändikleri bilen hem düşündirilýär.

«Onkologik hüşgärlik» düşünjesi özünde aşakdakylary jemleýär: 1) howply çişleriň irki döwürlerinde keseliň alamatlaryny bilmek; 2) howply çiş öňýany keselleri we olaryň bejergisini bilmek; 3) onkologik gullugyň guramaçylyk esaslaryny bilmek we bu çiş barlygyna müňkür bolunýan näsagy göni barmaly ýerine ugratmaklyga ýol berýär; 4) mümkin bolan çiş keselini inkär etmek üçin islendik hünärli lukmana ýüz tutan her bir näsagyň ygtybarly barlanylmagy; 5) anyklaýşyň kyn ýagdaýlarynda onkologik keselleriň adaty däl ýa-da gaýrüzülen görnüşde geçmeginiň mümkindigini çaklamak; 6) ilatyň arasynda saglyk barada wagyz-nesihat işini alyp barmak.

Onkologik hüşgärligiň esaslaryny bilmek we stomatologyň ýeterlik derejede hünärmenligi çiş kesel hadysasyny ir ýüze çykarmaga, her bir näsaga aýratynlykda çemeleşmäge we onuň bejergisini dogry guramaga ýol berýär.

Ýüzüniň we agyz boşlugynyň synalarynyň çişi bolan näsagyň ýüz tutmagynyň birinji basgançagy bolup Saglyk öýüniň (Stomatologiýa merkeziniň) stomatolog-lukmany bolup durýar. Howply çişe müňkür bolanynda stomatolog gyssagly ýagdaýda näsagy onkolog-lukmana ugradýar, ondan soňra bolsa näsag onkologik bejeriş edarasyna ýerleşdirilýär (welaýat onkologiýa hassahanasy, onkologiýa

merkezi). Çişiň görnüşiniň doly aýdyňlaşdyrylmagyny özünde jemleýän näsagyň doly barlagy we häzirki zaman bejeriş usullary amala aşyrmak üçin şertler, hünärmenler we enjamlar bolan bejeriş edarasynda geçirilýär.

Howply çişi bolan näsaglar bejergiden soňra saglyk öýüniň onkologik otagynda 5 ýylyň dowamynda yzygiderli gözegçilikde durmalydyrlar.

Kansere geçmäge pes derejeli ukyby bolan howply çiş öňýany keseli ýa-da kesel esas üýtgeme ýagdaýlary bolanlar terapewt-stomatologyň gözegçiliginde bolýarlar we ol keseliň döremegine getiren sebäpleri (kökleri sogurmak, dişleriň, petikleriň, emeli diş gurnamalaryň ýiti we uçly gyralaryny aýyrmak, çilim çekmegi, nas atmagy, şerap içmegi, gyzgyn we ajy nahar edinmegi bes etmekligi maslahat bermek) hökmany aradan aýyrmak bilen amal geçirmezden adaty bejergi amala aşyrylýar. Kesel 7-10 günüň dowamynda saklansa, şeýle hem howply çiş öňýany keseliň kansere geçmäge ýokary derejeli ukyply görnüşi bolan ýagdaýynda näsagyň hirurg-stomatologda bejergi almagyna görkezme ýüze çykýar. Ýönekeý leýkoplakiýa, tekiz demrew uzak wagtyň dowamynda geçeninde näsagy her ýarym ýylyň dowamynda azyndan 2 gezek gözden geçirýärler.

Howply çiş öňýany keselleriň hirurgik bejergisini düzüminde patologoanatomik bölümi bolan bejeriş edarasynyň (welaýat we Merkezi köpugurly hassahanalar) hirurg-stomatology amala aşyrýar. Sagalanlaryndan soňra näsaglary 3 ýylyň dowamynda (2 aýda 1 gezek) yzygiderli gözegçilik astynda goýýarlar.

Howpsuz çişi bolan näsaglaryň bejergisi ýöriteleşdirilen stomatologik bejeriş edarasynda (Stomatologiýa merkezinde ýa-da ýatymlaýyn bejergi bölüminde) geçirilýär. Bejerginiň görnüşi we göwrümi çiş keseliniň görnüşine, ýerleşýän ýerine, ölçeglerine we ýaýraňlygyna bagly. Amal geçirilenden soňra näsaglar ýylda 2 gezek yzygiderli gözden geçirilmek bilen azyndan 2-3 ýylyň dowamynda bu bejeriş edaralarynyň gözegçiliginde durmalydyrlar.

Çişleriň ýörite anyklaýyş usullarynyň arasynda öýjük barlag usuly uly ähmiýete eýedir we ol takyk geçirilende, howply çişleri 98%, howpsuz çişler bolsa 75% ýagdaýda gurluşy boýunça aydýňlaşdyrmaga ýol berýär. Näsaglaryň bejergisi keseliň kesgitlemesi goýlanyndan soňra 10 günden gijä galman amala aşyrylmalydyr.

## 12.2. ÝÜZÜŇ DERISINIŇ, DODAKLARYŇ GYRMYZY GAÝMASYNYŇ WE AGYZ BOŞLUGYNYŇ NEMLI BARDASYNYŇ HOWPLY ÇIŞ ÖŇÝANY KESELLERI

Howply çiş öňýany kesel ýagdaýlarynyň anyklamasy we bejergisi kanseriň döremeginiň öňüni alyş çäresi we şol bir wagtyň özünde hem onuň irki döwrüni ýüze çykaryş çäresi bolup durýar. Howply çiş öňýany kesel ýagdaýlary geçişi boýunça örän köpdürlüdir. «Howply çiş öňýany» diýen düşünje dermatolog-alym B. Dýubreýiň ady bilen baglanyşyklydyr (1896). Howply çiş öňýany keseller – bu

heniz çiş ýagdaýyna geçmedik madda alyş-çalşygy bozulan irginsiz we uzak, emma durnuksyz dokuma ösüntgi bozulmalarydyr. Keseliň bellibir döwründe ol yzyna hem gaýdyp biler we yzyna gaýtmaýan howply çiş öňýany keseliň öz wagtynda we doly geçirilen bejergisi näsagyň sagalmagyna getirýär.

Giň düşünje hökmünde hemme howpsuz çişler, üznüksiz çişme keseller, içki mäz işjeňlik we başga bozulmalara degişli bolan, howply çişiň döremegine sebäp bolup bilýän howply çiş öňýany kesel bar. Görşümiz ýaly, howply çiş öňýany kesel hökmünde kesel ojagynyň öýjük derejesinde kiçi gurluşy boýunça öwrenilende, ýüze çykarylýan örtgi dokumadaky mahsus bolan üýtgemelere düşünilýär. Munuň ýaly howply çiş öňýany keseliň ýüzde we agyz boşlugynda döremegine dürli ýakymsyz sebäpler bolan. Şol sanda howa şertleri (sowuk, Gün şöhlesi, ýel), dişler, iýmit, emeli diş gurnamasy we ş.m. netijesindäki üznüksiz şikesler, gyjyndyrýan ýakymsyz gyzgyn, duzly hem ajy iýmit iýilmegi, arak içilmegi, çilim çekilmegi, nas atmak, beýleki zyýanly endikler (dodaklary dişlemek we ş.m.), hünär zyýanlygy ýardam edýär. Ýokarda sanalan zyýanlyklaryň uzak wagtyň dowamynda täsir etmekleri örtgi dokumanyň kadaly buýnuzlaşmasynyň bozulmagyna getirýär, ol güýçli buýnuzlaşma hem-de ýalňyş buýnuzlaşma görnüşinde ýüze çykýar, bularyň hemmesi bolsa howply çiş öňýany keseline häsiýetlidir.

Howply çiş öňýany keselleri iki esasy topara bölýärler: kansere geçmäge ýokary derejeli ukyby bolan (obligat) we kansere geçmäge pes derejeli ukyby bolan (fakultatiw) keseller. Olaryň birinjisi iru-giç kansere geçýän bolsa, ikinji görnüşi kansere has seýrek geçýär.

Dokuma gurluşy taýdan howply çiş öňýany kesel zeperlenen örtgi öýjükleriniň ýetişmek hadysasynyň bir ýa-da birnäçe bozulmasy bolup durýar. Bozulmalar örtgi öýjükleriniň taraplarynyň we özara birikmeleriniň ýitmegi, maňyzlarynyň güýçli reňklenmegi, adaty däl buýnuzlaşma, öýjükleriň we olaryň maňyzlarynyň ölçegleriniň we görnüşleriniň tertipsizligi, ýönekeý bölünmeleriň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Örtgi dokumalaryň aşagyna tarap içine siňip ösmek häsiýetli däldir. Dokuma gurluşynyň bozulmalarynyň köpüsi ýa-da hemmesi bar bolanda bu ýagdaýa örtgi dokuma içre howply çiş görnüşinde baha berilýär (*carcinoma in situ*).

Aýry-aýrylykda agyz boşlugynyň nemli bardasynyň, dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynyň we ýüzüň derisiniň howply çiş öňýany keselleri bar. Häzirki wagtda A. L. Maşkilleýson (1970) tarapyndan teklip edilen we käbir üýtgeşmeler girizilen kesel bölünişigi ulanylýar:

A. Kansere geçmäge ýokary derejeli ukyby bolan howply çiş öňýany keseller:

I. Agyz boşlugynyň nemli bardasynda:

1) Boueniň keseli.

II. Dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynda:

1) siňňilli howply çiş öňýany kesel;

2) çäklenen howply çiş öňýany ýokary buýnuzlaşmasy;

3) Manganottiniň abraziw howply çiş öňýany heýlidi.

III. Ýüzüň derisinde:
1) Boueniň keseli;
2) *m kseroderma*.

B. Kansere geçmäge pes derejeli ukyby bolan howply çiş öňýany keseller:

I. Agyz boşlugynyň nemli bardasynda:
1) *werrukoz* we *eroziw leýkoplakiýa*;
2) *papillomatoz*;
3) ulgamlaýyn gyzylgurt keseliniň (nagralaýan gyrmyzylyk) we gyzyl tekiz demrewiň eroziw-başly we ýokary buýnuzlaşma görnüşleri;
4) şöhleden soňraky stomatit.

II. Dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynda:
1) *leýkoplakiýa*;
2) *keratoakantoma*;
3) howpsuz ýasy öýjükli deri ýokary buýnuzlaşmasy;
4) buýnuzlaşýan *papilloma*;
5) ulgamlaýyn gyzylgurt keseliniň (nagralaýan gyrmyzylyk) we gyzyl tekiz demrewiň eroziw-başly we ýokary buýnuzlaşma görnüşleri;
6) şöhleden soňraky dodak çişmesi.

III. Ýüzüň derisinde:
1) Gün şöhle *keratozy*;
2) radiasion *dermatoz*;
3) howply çiş öňýany *melanoz*.

### 12.2.1. Boueniň keseli

Bu kesel barada 1912-nji ýylda Bouen ilkinji bolup ýazypdyr. Bu kesel ilkibaşdan «*cancer in citu*» bolup durýar (örtgi dokuma içre howply çiş), seýrek duş gelýär. Geçişi uzak wagtly, kähalatlarda howply çişe- kansere geçýänçä birnäçe ýyl gerek bolýar.

Boueniň keseli düz ýüzi we töwereginden galyp duran gyralary bolan emele gelen kesel görnüşinde häsiýetlendirilýär.

Uzak wagtyň dowamynda nemli bardanyň çökmegi ýüze çykýar. Kesel dörän ýeriň bellibir görnüşi ýok, el barlagynda agyrysyz, aşaklarynyň dokumalary gataňsy däl. Sebitleýin limfa düwünleri ulalmadyk. Gyjyndyryjy täsirler aýrylanynda bu kesel bellibir döwür durgunlaşyp biler. Soňra onuň ýüzünde eroziýalar, başlar döreýär, aşaklarynyň dokumalarynda gataňsylyk döreýär we howply häsiýete geçýär. Kesel kesgitlemesini dokuma barlagy bilen tassyklamaly.

**Bejergisi.** Kesel ýeriniň hirurgik ýa-da elektrohirurgik kesilip aýrylmagy. Amal geçirmegi kesel kesgitlemesi anyklanylanyndan soňra ara köp wagt salman berjaý etmeli.

### 12.2.2. Dodagyň gyrmyzy gaýmasynyň siňňilli howply çiş öňýany keseli

Bu kesel barada ilkinji gezek 1965-nji ýýlda A.L. Maskilleýson ýazypdyr. Ol aşaky dodakda, köplenç, erkeklerde döreýär. Adatça, çalt ösýär, 1-2 aýyň içinde 1 *sm* ölçege çenli baryp ýetýär. Näsaglaryň ýarysyndan köp ýagdaýlarda howply häsiýete geçýär, kähalatlarda bu ýagdaý kesel döräninden 2-4 aý soň bolup bilýär.

Kesel geçişi boýunça ýüzi buýnuz teňňejikleri bilen örtülen, çäklenen düwün görnüşinde bolýar. Reňki adaty reňkde ýa-da sebitine görä biraz garamtyl-gyzyl bolýar. El bilen barlag , onuň düýbi dykyz däl, agyrysyz. Kesel kesgitlemesi dokuma barlagyndan soň takyklanylýar.

**Bejergisi.** Bejergisi amal görnüşinde, ýüze çykarylanyndan soň gaýragoýulmasyz ýagdaýda geçirilýär. Bejergi sagdyn dokumalaryň çäginde kesip aýyrmaklygy we onuň soňraky dokuma barlagyny özünde jemleýär.

**Keseliň geljegi.** Wagtynda bejerilen ýagdaýynda oňaýly.

### 12.2.3. Dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynyň çäklenen howply çiş öňýany ýokary buýnuzlaşmasy

Kesel, köplenç, aşaky dodagyň gyrmyzy gaýmasynda duş gelýär. Siňňilli howply çiş öňýany keseline görä has haýal ösýär, birnäçe ýylyň dowamynda kesel ojagy 1 *sm-e* çenli ýetýär. Takmynan, näsaglaryň 1/3 böleginde howply häsiýete geçýär.

Geçişi boýunça kesel dörän ýeriň bellibir görnüşi ýok we adatça, ol gyrmyzy gaýmanyň derejesinden aşakda diýen ýaly ýerleşýär, agymtyl-çal reňkli, kähalatlarda onuň üsti teňňejikler bilen örtülen. Onuň düýbi gatańsy däl, agyrysyz. Kesel howply häsiýete geçeninde gatańsylyk döreýär, kesel ojagynda baş ýa-da buýnuzlaşmanyň güýçlenmegi ýüze çykýar.

Bejergisi ýokarda ýazylan keseldäki ýaly kesel ojagyny sagdyn dokumalaryň çäginde kesip aýyrmagy we soňraky dokuma barlagyny geçirmekligi göz öňünde tutýar.

### 12.2.4. Manganottiniň abraziw howply çiş öňýany heýlidi

Howply çiş öňýany keseliň bu görnüşi Manganotti tarapyndan 1933-nji ýylda özbaşdak kesel görnüşine bölünen we ilkinji gezek ýazylan. Köplenç, ýaşy 50-den ýokary bolan erkek adamlarda duş gelýär. Heýlidiň (dodak çişmesiniň) bu görnüşiniň döremegine şikesler, Gün şöhlesi, uçuklar ýardam edýär.

Kesel, köplenç, aşaky dodagyň gyrmyzy gaýmasynda duş gelýär. Geçişi haýal, ýyllarboýy, wagtal-wagtal birden bitip hem-de täzeden döräp (gaýtalamagy) bilýär. Ýarpa golaý ýagdaýda howply häsiýete geçýär we kanser döreýär. Kesel bir ýa-da birnäçe sanly gyzyl reňkli, ganamaýan, agyrysyz, düýbi gatańsy bolmadyk eroziýa ojaklarynyň döremegi bilen ýüze çykýar. Soňabaka eroziýalaryň ýüzünde gemreler döreýär, olar sypyrylanda bolsa, gan akma döreýär. Eroziýalar öz-özünden bitip

bilýär, emma 1-3 hepdeden täzeden döreýär we käbir ýagdaýda dodagyň gyrmyzy gaýmasynyň başga ýerinde döreýär. Wagtyň geçmegi bilen eroziýa ulalyp, dodagyň gyrmyzy gaýmasynyň köp bölegini tutup biler.

**Bejergisi.** Hemme howply çiş öňýany kesellerde bolşy ýaly, zyýanly endikleri aýyrmaly, agyz boşlugyny sagdynlaşdyrmaly, gyjyndyryjy iýmitleri kesmeli. Amal däl bejergi: A, $D_2$ witaminleriň ýag erginleriniň, zeýtun ýagynyň çalynmagy; içmek üçin: A, riboflawin, tiamin, nikotin turşusy, piridoksin witaminler toplumy ulanylýar. Bu bejergi eroziýalaryň, köplenç, bitmegine getirýär, emma gaýtalanmasy hem mümkin. Ýygy-ýygydan gaýtalanan ýagdaýynda kesel ojagyny amal bilen kesip aýyrýarlar ýa-da sowuk täsiri bilen dargadýarlar.

### 12.2.5. Leýkoplakiýa

Leýkoplakiýa – bu agyz boşlugynyň nemli bardasynyň üznüksiz keseli bolup, onuň esasynda nemli bardanyň örtgi gatynyň galňamagyna, onuň buýnuzlaşmagyna we sypyrylmagyna getirýän ýokary buýnuzlaşma hadysasy ýatyr.

Leýkoplakiýa, köplenç, ýaşy 30-40-dan geçen erkek adamlarda duş gelýär. Has köp ýagdaýda dişleriň galtaşma çyzygy boýunça ýaňagyň nemli bardasynda, agzyň burçlarynda, diliň arka we gapdal ýüzlerinde duş gelýär.

**Döremeginiň sebäpleri.** Keseliň sebäbi belli edilmedik, emma nemli bardany hemişe gyjyndyryp durýan zatlaryň bellibir ähmiýeti bar: dişiň ýiti uçly gyrasy, emeli diş gurnamanyň ilgençegi bilen ýetýän zeperlenme, gyzgyn we duzly hem-de ajy iýmit, spirtli içgiler, çilim çekmek we nas atmak bilen gyjyndyrmalar we ş.m.

**Keseliň görnüşi.** Adatça, näsaglar kesel dörän ýeriň sähelçe gijeýändiginden başga arz bildirmeýärler. Käbir näsaglaryň arzlary bolmaýar. Şol sebäpli-de seýrek bolmadyk ýagdaýlarda leýkoplakiýa agyz boşlugy başga maksatlar bilen barlanylanda ýüze çykarylýar. Kesel kesgitlemesini nemli bardanyň özboluşly üýtgemeleri boýunça goýýarlar: nemli bardanyň belli böleginde agymtyl reňkli üýtgemesi, elläp barlanylanda barlanylýan ýeriň nemli bardasyna görä biraz dykyzlylyk ýüze çykarylýar. Kesel dörän ýeriň meýdany dürli ölçegde bolup biler: dary dänesiniň ululygyndan tutuş ýaňagyň nemli bardasyna çenli.



*160-njy surat.* Ýaňagyň nemli bardasynyň düz görnüşli leýkoplakiýasy

Leýkoplakiýanyň üç sany görnüşi bar:

1) düz görnüşinde kesel ýerleri töwereginiň nemli bardasynyň deňinden galmaýar we cişme hadysasynyň görnüp duran alamatlary bolmaýar (*160-njy surat*);

2) werrukoz görnüşi nemli bardanyň kesel ýeriniň ýüzleý dykyzlygy we nemli barda örtgüsiniň ösmegi bilen häsiýetlendirilýär;

3) eroziw görnüşi jaýryklaryň, ýygyrtlaryň, başlaryň barlygy we mümkin bolan keseliň howply häsiýete geçenligi bilen häsiýetlendirilýär.

Leýkoplakiýanyň düz görnüşi iň bir oňaýlysy diýlip hasap edilýär, emma onuň werrukoz görnüşe geçmegi mümkin.

**Bejergisi.** Esasy bejergi çäresi bolup agyz boşlugyndaky ähli gyjyndyrýan sebäpleri aýyrmak bolup durýar. Näsaglar stomatologyň ýa-da onkologyň hasabynda hem-de gözegçiliginde durmalydyr.

Leýkoplakiýanyň düz görnüşinde sanalan gyjyndyryjy täsirler aýrylanyndan soňra düýpli bejergi geçirmek görkezilmeýär. Bejergi üçin dürli ýakyjy serişdeleri ulanmak düýbünden gadagandyr.

Werrukoz görnüşinde çuňňur jaýryklaryň döremegi kesel bolan ýeriniň kesilip aýrylmagyna we onuň dokuma taýdan barlanylmagyna degişlidir. Bejerginiň soňraky hereketleri dokuma barlagynyň netijesine bagly bolup durýar.

### 12.2.6. Buýnuzlaşýan papilloma we papillomatoz

Dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynyň papillomasy töwereginiň dokumalaryndan çäklenen. Onuň üsti tüýjümek ýa-da büdür-südür, kähalatlarda teňňejikler bilen örtülen. Papilloma diňe bir daşyna tarap ösüş bilen häsiýetlendirilmän, eýsem-de, onuň dokumalaryň içine tarap ösüşi hem bardyr, bu bolsa käbir alymlaryň pikirine görä, ony «hakyky» kansere ýakyn edýär.



*161-nji surat.* Dodaklaryň we sag tarap agyz burçunyň papillomatozy

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň papillomatoz ýerleriniň üznüksiz şikesinde çişme, baş, çüýreme ojaklary döreýär (*161-nji surat*). Papillomanyň düýbünde gataňsylyk döremegi howply häsiýete geçmeginiň bir alamaty bolup durýar.

**Bejergisi.** Hirurgik, sagdyn dokumalaryň çäginde kesip aýyrmak.

### 12.2.7. Keratoakantoma

Bu gelip çykyşy boýunça örtgi dokumadan bolan çişe meňzeş kesel bolup, adatça, seýrek duş gelýär. Esasan, uly ýaşly erkek adamlarda duş gelýär, ýüzüň we dodaklaryň derisinde ýerleşýär. Käwagt onuň birden aýrylmak ýa-da howply häsiýete geçmek mümkinçiliginiň barlygy ýüze çykarylan.

Keseliň geçişinde, başda togalak görnüşinde düwün döreýär, soňra onuň merkezi böleginde buýnuz maddalary bilen dolýan çöketlik emele gelýär. Adatça, keratoakantomanyň çalt ösüşi bar, bir aýyň dowamynda 2 *sm* tegelek ölçege

ýetýär. Emele gelen çiş deriniň derejesinden galyp durýar, anyk çäkleri bolan çanak görnüşi bar, gataňsy – çeýe dykyzlykly, agyrysyz, töwereginiň derisinden has garamtyl reňki bilen tapawutlanýar.

Keratoakantomanyň anyklamasy bellibir kynçylyklar döredýär, sebäbi onuň geçiş ýagdaýy we dokuma gurluşy boýunça görnüşi ýasy öýjükli kansere meňzeş.

Ulaldyjy enjam barlagynda çise meňzeş kesel artykmaç keratin döredýän we ol bilen merkezi çöketligiň içini doldurýan köpgatly ýasy örtgi dokumadan durýar.

**Bejergisi.** Kesel ýerini sagdyn dokumalaryň çäginde kesip aýyrýarlar. Käbir maglumatlara görä himiýaserişdeleri ýerli ulanmak (metatreksat we ş.m.) we rentgen şöhleleri bilen bejermek (15-30 *Gr*) kanagatlanarly netijeleri berýär.

### 12.2.8. Howpsuz ýasy öýjükli keratoz (*keratotiki papilloma*)

Bu örtgi dokuma çişe meňzeş keseli gartaşan, adatça, erkek adamlarda duş gelýär. Ýüzüň derisinde, köplenç, güýçli buýnuzlaşma hadysasy bolan 1-2 *sm* uzynlykda ýeke-täk sütünjik görnüşinde galyp duran bolup duş gelýär (onuň «deri şahy» ady hem şu ýerden gelip çykýar). Onuň reňki çalymtyl, düýbi anyk çäklenen, gaty-çeýe dykyzlykly, agyrysyz.

Anyklamasy kynçylyk döretmeýär.

Dokuma gurluşy boýunça deriniň ýüzleý gatlagynyň üstüni örtýän galyň keratoz gaty bolan we adatça, deriniň çuňňur gatlagynyň çişme hadysasy bolan çiş kesgitlenilýär.

**Bejergisi.** Bejergisi sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrmak bilen amala aşyrylýar.

### 12.2.9. Şöhleden soňraky stomatit we dodak çişmesi

Şöhleden soňraky stomatitiň başlangyç alamatlary nemli bardanyň nokat-nokat gan inmesi we nahar iýleninde agyry döremegi, agzyň guraklygy, tagam duýujylygyň peselmegi, dilde büdür-südürligiň döremegi bolýar. Diş etiniň gyralarynyň gyzarmasy we ýellenmesi döreýär. Olaryň sähelçe şikesi gan akma döredýär. Agyz boşlugynda eroziýalar, gyralary düz bolmadyk, düýpleri garamtyl-çal hapa reňkli nem bilen örtülen başlar döreýär, ýiti we ýakymsyz ys gelýär, adaty arassalanyşyk bozulanlygy sebäpli agzyň içinde hapalar we ikilenç çişme alamatlar ýüze çykýar. Beden gowşaklygy kesel ýerleriniň diňe bir ýumşak dokumalaryň çişme hadysasyna däl, eýsem-de, äňiň süňküne hem geçmegine we onuň bellibir ýeriniň çüýräp bölünmegine getirýär.

Örän haýal bitýär we nemli barda-da erbet, çekip duran bertikleriň döremegi bilen tamamlanyp bilýär.

Kesel uzak wagtlap geçende hili gowy bolmadyk metal dişler, petikler we emeli diş gurnamalary onuň ýitileşmegine täsir edýär.

**Bejergisi.** Bejergisi amaly däl (umumy we ýerli işjeň bejergi-agyrysyzlandyryjy, zyýansyzlandyryjy ýagly we witaminli erginler). Bejerginiň esasy şerti agyz boşlugynyň sagdynlaşdyrylmasy bolup durýar. Eger-de howply çiş bar bolsa ýerli fiziki bejeriş usullary ulanylmaýar.

### 12.2.10. Ulgamlaýyn gyzylgurt keseli ýa-da ulgamlaýyn nagralaýan gyrmyzylyk

Bu keseliň howply çiş öňýany kesel hökmünde üznüksiz geçişiniň ýokary buýnuzlaşma (adaty) we eroziw-başly görnüşleriniň ähmiýeti bar. Bu kesel bilen, esasan, aýallar keselleýärler, adatça, ol 20-40 ýaşlarynda başlaýar. Kesel tutuş bedende bolýar we diňe agyz boşlugynda we dodaklarda, adatça, duş gelmeýär.

Häzirki zaman maglumatlaryna görä, ulgamlaýyn gyzylgurt keseli ýa-da ulgamlaýyn nagralaýan gyrmyzylyk birleşdiriji dokumanyň ulgamlaýyn kesellerine degişli edilýär. Ýokançlara we ş.m. antigenlere ýokary duýgurlyk esasynda döreýän autoimmun kesel hasap edilýär. Ýardam edýän sebäpler Gün şöhlesine, ýokanja garşy beden tarapyndan ýokary duýgurlyk, şol sanda ýerli hem, şikesler, sowuk howa we ş.m. bolup durýarlar.

Eroziw – başly görnüşi kesel ýerinde ýokary buýnuzlaşmasy bolan güýçli çişme, uly eroziýalar, başlar, jaýryklar bilen häsiýetlendirilýär. Bu keseliň iň agyryly görnüşidir.

Ýokary buýnuzlaşma (adaty) görnüşi dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynyň ýaýrań ýa-da çäklenen garamtyl-gyzyl dykyz ýellenmesi bilen häsiýetlendirilýär. Süýri ýa-da zolak görnüşli ojaklar berk duran ýokary derejeli buýnuzlaşan teňňejikler bilen örtülen. Olary aýyrmak synanyşygy gan akma we agyry döredýär, merkezinde çöküp kiçelme bolup geçýär.

**Bejergisi.** Esasan, umumy bejergi geçirilýär. Ýerli bejergi agyz boşlugynyň sagdynlaşdyrylmasyny, agyrysyzlandyryjy we örtgi dokumanyň bitijilik ukybyny güýçlendirýän dermanlary ulanmaklygy özünde jemleýär.

### 12.2.11. Gyzyl tekiz demrew keseli

Deriniň we nemli bardanyň çişme keseli bolup, oňa düwünjigiň, kiçijik buýnuzlaşan düwünjikler örgüniniň döremegi häsiýetlidir. Esasan, üznüksiz görnüşde 30 ýaşdan geçen aýallarda duş gelýär. Näsaglaryň 40% töwereginde deri bilen bir hatarda agyz boşlugynyň nemli bardasynda hem duş gelýär. Keseliň sebäbi anyklanylmadyk. Döreýşinde nerw bozulma, wirus we zäherlenme, ýokary duýgurlyk çaklamalary bar, emma olar düýpli subut edilmedik.

Eroziwbaşly görnüşi iň agyr görnüşi bolup, eroziýalar, seýrek halatda bolsa anyk görnüşi bolmadyk merkezde ýerleşen başlar bilen häsiýetlendirilýär. Olar fib-

rin bardasy bilen örtülen ýa-da örtülmedik, çişme hadysasy bildirýär, ikilenç ýokanç bilen zeperlenýärler, güýçli agyryly we sähelçe zat bolsa ganaýar. Bitenlerinden soň nemli bardanyň kiçelip çökmegine we ýüzleý bertiginiň döremegine getirýär.

Ýokary buýnuzlaşma görnüşi seýrek duş gelýär. Ol nemli bardanyň derejesinden ýokary galyp duran güýçli bildirýän ýokary buýnuzlaşma bilen häsiýetlendirilýär, ýygyrt-ýygyrt buýnuz gatlary bilen çäklenen serhetleri bar. Kesel, köplenç ýaňakda, diliň arkasynda duş gelýär. Ýokary buýnuzlaşmalaryň ýerlerinde gyzyl tekiz demrewe mahsus bolan düwünjikler örgünlerini ýüze cykaryp bolýar.

**Bejergisi.** Umumy we ýerli derman bejergi geçirilýär.

Ýokarda sanalan howply çiş öňýany kesellerden başga-da, käwagt kanseriň emele gelmegine getirýän birnäçe kesel esas ýagdaýlary bar. Olara üznüksiz ýara deşigini, jaýrylmany, dokuma alyş-çalyş bozulma netijesiniň başyny, deri inçekeselinden, gyzgynlyk we himiki ýanyklardan soňraky bertikleri we ş.m. degişlidir.

## 12.3. KÖPGATLY ÝASY ÖRTGI DOKUMADAN BAŞLANAN AGYZ BOŞLUGYNYŇ WE ÄŇLERIŇ NEMLI BARDASYNYŇ ÇIŞLERI HEM-DE CIŞE MEŇZEŞ KESELLERI

Köpgatly ýasy örtgi dokumadan başlanan agyz boşlugynyň we äňleriň nemli bardasynyň çişlerini we cişe meňzeş kesellerini howpsuz we howply cişlere, şeýle hem çişe meňzeş kesellere bölýärler.

Seýrek duş gelýän tekiz öýjükli papilloma we emzijekli giperplaziýa howpsuz geçişli bolýar. Howply çiş – ýasy öýjükli kanser has köp ýaýran.

### 12.3.1. Ýasy öýjükli papilloma

Bu howpsuz çiş agzyň nemli bardasynda agymtyl tüýjümek üsti bilen, käwagt bolsa reňkli kelemi ýada salýan şekili bilen aýajykda ýerleşýän ýeke-täk görnüşde bolýar. Papilloma haýal ösýär, agyry döretmeýär. Köplenç, şikeslenýär we cişme hadysa ýolugýar. Ösüşi howply ýagdaýa geçip bilýär we beýle bolanynda çalt ösýär, baş döreýär, aşagynyň dokumalarynyň gataňsylygy ýüze çykýar.

Papillomanyň kesel kesgitlemesini goýmak kynçylyk döretmeýär. Ony fibromadan tapawutlandyrmak gerek. Beýle mesele ýüze çykanda fibromanyň üstüniň nemli barda örtügi düz, adaty reňkli bolýar.

Ulaldyjy enjam barlagy geçirilende, papilloma birleşdiriji dokuma aýajygynda ýerleşen köpelýän örtgi dokumadan durýar. Örtgi dokumanyň ýüzleý gatlagy ýokary buýnuzlaşma bilen häsiýetlendirilýär.

**Bejergisi.** Papillomanyň bejergisi ony sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrmakda jemlenendir.

### 12.3.2. Emzijekli giperplaziýa

Bu çişe meňzeş kesel gelip çykyşy boýunça, mümkin, wirus ýa-da kömelejik (*Candida*) sebäpli bolup, aglaba ýagdaýda gaty kentlewükde ýerleşýär, birnäçe uly bolmadyk (2-4 *mm*–e çenli ýogynlykda) agyrysyz, ýasy düýbi bolan, al-gyrmyzy reňkli ýumşak emzijek şekilli ösüntgilerden durýar. Köplenç, ýokarky äň üçin plastmassadan aýrylyp-goýulýan düz emeli diş gurnamasyny ulanýan adamlarda ýüze çykarylýar.

Ulaldyjy enjam barlagynda, adatça, buýnuzlaşmasy bolmadyk üznüksiz çişme hadysa bilen örtgi dokumanyň ýygyrtlarynyň galňamagy kesgitlenilýär.

**Bejergisi.** Käbir näsaglaryň aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny ulanmagy bes etmegi çişme hadysasynyň aýrylmagyna we ösüntgileriň azalmagyna, kähalatlarda bolsa kentlewükdäki kesel hadysasynyň aýrylmagyna getirýär. Başga plastmassadan, metaldan ýa-da kentlewügi açmak bilen başga görnüşli emeli diş gurnamasyny ýasamagy maslahat berýärler. Näsaga gözegçilik etmek gerek, peýda bermedik ýagdaýynda çişe meňzeş emele gelen dokumalary soňraky dokuma barlagyny geçirmek bilen kesip aýyrmaly.

### 12.3.3. Ýasy öýjükli kanser

Adatça, ýasy öýjükli kanser howply çiş öňýany zeperlenme esasynda döreýär. Aglaba ýagdaýlarda gartaşan adamlarda, köplenç, erkek kişilerde duş gelýär. Ýerleşýän ýeri boýunça birinji ýerde aşaky dodak, ikinji-dil, üçünji-agyz boşlugynyň düýbi durýar, soňra bolsa ýaňagyň, kentlewügiň, äňleriň nemli bardasynda we ş.m. ýerlerde duş gelýär.

Dokuma barlagy boýunça agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseriniň aşakdaky görnüşleri – örtgi dokuma içre karsinoma, ýasy öýjükli kanser we onuň *werrukoz*, ik şekilli öýjükli *karsinoma, limfoepitelial* görnüşleri bar.

Örtgi dokuma içre karsinomanyň (latynça – *carsinoma in situ*) geçişiniň aýratynlygy ýok. Onuň geçişiniň görnüşleri Boueniň keseli we eritroplakiýa bolup durýar.

Kesel kesgitlemesini dokuma barlagyny geçirip kesgitleýärler we onuň netijesinde nemli bardanyň örtgi öýjükleriniň howply ýagdaýa geçen alamatlaryny, emma onuň emzijekli gatlagynyň zeperlenmänligini ýüze çykarýarlar.

Ulaldyjy enjam barlagy taýdan ýasy öýjükli kanser aşagynyň birleşdiriji dokumasynyň içine siňip, ösen howply häsiýetli örtgi öýjükleriniň toplanmasy görnüşinde bolýar. Daşyna aşýan şekilli ösüp ýüze çykýan *werrukoz* görnüşiniň geljek üçin oňat çaklamasy bar. *Limfoepitelioma* limfa meňzeş esasly birleşdiriji dokuma baýdyr, ol esasan, diliň yzky bölegini we badamjyklary zeperleýär hem-de geljek üçin çaklamasy oňaýsyzdyr.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri geljek üçin keseliň çaklamasyna täsir edýän özüniň geçiş we kesel aýratynlyklary bilen häsiýetlendirilýär. Agyz

boşlugynyň yz tarap böleginiň çişleriniň onuň öň tarap böleginde ýerleşen çişlerine garanyňda keseliň geljek üçin çaklamasy ýaramazdyr. Şeýle hem zeperlenmäniň ululygynyň hem täsiri bar. Geçişi boýunça agyz boşlugynyň synalarynyň kanseri baş şekilinde bolýan, içine ösýän gataňsylyk we daşgyn ösýän görnüşlerinde ýüze çykýar. Çişiň içine ösýän görnüşine howply geçişiniň has bildirip duran alamatlary mahsusdyr.

Öýjükleriň köpeliş häsiýeti we aýyl-saýyl bolşy esasynda kesgitlenilýän çişiň howply häsiýetliliginiň dokuma derejesiniň (I, II, III) wajyp ähmiýeti bardyr. Öýjükleriň güýçli bildirip duran köpeliş häsiýetinde *giperhromatoz*, köpsanly *mitozlar*, öýjük we maňyz köpdürlüligi ýüze çykýar. Öýjükleriň aýyl-saýyl bolşy örtgi öýjügara köprüjikleriň döremeginde we keratin bölünip çykarylmagynda ýüze çykýar. Güýçli bildirmeýän öýjükleriň köpeliş häsiýetinde we öýjükleriň ýokary aýyl-saýyllygy çişiň howply häsiýetliliginiň I derejesini aňladýar we geljek üçin oňaýly çaklama alamaty bolup durýar. *Mitoz* ýagdaýyndaky köpsanly öýjükleriň, öýjük-maňyz köpdürlülik alamatlary bolan *giperhromatoz*, şeýle hem öýjügara köprüjikleriň ýok bolmagy we keratinleşmäniň – kanser öýjükleriniň dürdänejikleriniň ýoklugy görnüşindäki pes aýyl-saýyllyk çişiň howply häsiýetliliginiň III derejesini aňladýar hem-de geljek üçin has ýaramaz çaklama alamatydyr.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri töwereginiň dokumalaryna tarap ösmek bilen ýaýraýar we gan hem-de limfa damarlary boýunça daşgyn synalara ýaýrama berýär. Golaý ýerleşen dokumalaryň içine siňip ösmegi bilen (iýmit siňdiriş we dem alyş ýollaryna, kelle-beýnisine, uly damarlara) bedeniň jana wajyp synalarynyň zeperlenmelerine getirýär. Sebitleýin limfa ýollary arkaly daşgyn synalara ýaýrama bermegi boýnuň limfa düwünlerinde ikilenç çiş ojaklarynyň emele gelmegine getirýär we adatça, çiş ýaýjyk süňkleriniň derejesinden aşak geçmeýär. Daşgyn synalarda gan damar ýollary bilen ýaýramagy netijesinde çişiň döremegi örän seýrek duş gelýär.

Kanseriň geçişini ýaýraňlylyk babatynda *TNM* ulgamy boýunça 4 döwre bölýärler we onda T[*tumor* (latynça) – *çiş*] başlangyç ojagy, N[*nodus* (latynça)-*-düwün*] – sebitleýin limfa düwünlere ýaýramagyny, M[*metastasis* (latynça) – *– ýaýramaklyk*] daşgyn synalara ýaýramagyny aňladýar.

Başlangyç ojagyň zeperlenmesi:

$T_{is}$ – örtgi dokuma içre karsinoma (*cancer in situ*);

$T_1$ – çiş aňrybaş ölçeglerde 2 *sm*-e çenli;

$T_2$ – çiş 2 *sm*-den 4 *sm*-e çenli ölçeglerde;

$T_3$ – çiş aňrybaş ölçeglerde 4 *sm*-den uly;

$T_4$ – çiş gapdalyndaky synalara ýaýran;

$N_0$ – sebitleýin limfa düwünler el bilen kesgitlenilmeýär;

$N_1$ – zeperlenme tarapda süýşýän limfa düwünler kesgitlenilýär;

$N_2$ – garşylyklaýyn ýa-da iki tarapda hem süýşýän limfa düwünler;

$N_3$ – ýerinden süýşmeýän limfa düwünler;

$M_0$ – daşgyn synalara damarlar bilen ýaýrama ýok;
$M_1$ – daşgyn synalara damarlar bilen ýaýrama kesgitlenilýär.

I döwür – $T_1$, $N_0$, $M_0$;
II döwür – $T_2$, $N_0$, $M_0$;
III döwür – $T_3$, $N_0$, $M_0$,
$T_1$, $T_2$, $T_3$, $N_1$, $M_0$;
IV döwür – $T_4$, $N_0$, $N_1$, $M_0$,
islendik T $N_2$, $N_3$, $M_0$;
islendik T, islendik N, $M_1$.

Geçirilen hirurgik bejergiden soňra kanseriň gaýtalanmagyny ozalky belgiler bilen belläp, olaryň öňünden «*r*» (latynça «*residiw – gaýtalanma*) belgini goýýarlar. Meselem, *rT*, *rN*, *rM*. Kesel taryhynyň ýazgysynda kesel kesgitlemesini goýmak bilen lukman, TNM derejesini görkezmeli we çiş zeperlenmesiniň döwrüni kesgitlemeli. Meselem, aşaky dodagyň kanseri $T_1$, $N_0$, $M_0$ (I döwür).

Agyz boşlugynyň synalarynyň, şeýle hem başga ýerlerde ýerleşen kanseri bolan näsaglaryň bejergisi düýpli, ýüzleý we kesel alamatlaryna garşy görnüşlerde geçirilip bilner.

Düýpli bejergi çişiň ähli ojaklaryny ýok etmegi göz öňünde tutýar. Ýüzleý geçirilen bejergiden soňra çiş doly aýrylmaýar. Kesel alamatlaryna garşy bejergi diňe agyryny we beýleki agyry alamatlaryny aýyrmaga ýa-da azaltmaga gönükdirilen.

Çişleriň bejergi usullary hirurgik, şöhle, sowuk täsiri we çişe garşy himiýa serişdeleri ulanmagy özünde jemleýär. Has ygtybarly diýip amal öňünden geçirilen şöhle bejergini (30-40 *Gr* möçberde) we soňraky çişi doly kesip aýyrmak esaslary berjaý edilip, sagdyn dokumalaryň çäklerinde çişi doly we giňişleýin kesip aýyrmak amaly görnüşindäki bejergini özünde jemleýän toplumlaýyn bejergi hasap edilýär. Şeýle hem çişiň elektrokesilmesini we elektroköydürmesini geçirýärler.

Toplumlaýyn bejergi çişiň başlangyç ojagynda we sebitleýin ýaýrama ýollarynda ulanylýar. Diňe hirurgik usuly seýrek ulanylýar we esasan hem, şöhlä durnukly çişlerde hem-de çişiň gaýtalanmagynda geçirýärler. Şöhle bejergisi özbaşdak bejergi usuly görnüşinde ulanylyp bilner. Soňky ýyllarda äň-ýüz töwereginiň dürli ýerlerindäki kanserini bejermekde çişi sowuk täsir arkaly doňduryp dargadylmagy giňden ulanylýar. Agyz boşlugynyň synalarynyň kanseriniň bejergisinde soňky ýyllarda ulanylýan himiýa bejergi gitdigiçe giň gerim alýar.

Bejerginiň dürli usullarynyň ulanylmagy näsagyň ýaşyna, onuň umumy ýagdaýyna, şeýle hem çişiň ýerleşýän ýerine we çiş zeperlenmesiniň döwrüne we görnüşine bagly. Bejergä çemelenilişi her bir ýagdaýda özbaşdak bolmalydyr.

Näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy keseliň wagtynda ýüze çykarylyşy bilen baglanyşykly we ol ýa-da beýleki synanyň çiş zeperlenmesine baglylykda dürli bolup bilýär.

### 12.3.3.1. Dodagyň kanseri

Bu agyz boşlugynyň synalarynyň howply çişleriniň iň köp ýaýran görnüşidir. Esasan, aşaky dodak zeperlenýär, ýokarky dodak 5% ýagdaýda zeperlenýär. Aglaba ýagdaýlarda erkek kişiler, olaryň içinde bolsa, esasan, çilim çekýänler we nas atýanlar keselleýärler.

Kanseriň döremegi üçin başlangyç pursat bolup, Manganottiniň abraziw howply çiş öňýany *heýlidi*, ýokary buýnuzlaşma, üznüksiz jaýryklar we ş.m. görnüşdäki uzak wagtlap geçýän kesel hadysalary durýarlar. Dodagyň gyrmyzy gaýmasynda döremek bilen, kanser nemli barda, derä ýaýraýar, muskullaryň we süňküň içine ösýär. Adatça, çiş orta çyzykdan bir gapdalda ýerleşýär, kähalatlarda agyz burçuny hem zeperleýär.

Dodagyň kanseri, adatça, oňaýly geçýär. Bu diňe bir çişiň agzyň öň bleginde ýerleşýänligi bilen düşündirilmän, eýsem-de, onuň dodak gyrmyzy gaýmasynda döreýänligi bilen hem baglanyşdyrylýar. Onuň dokuma gelip çykyşyny nemli barda bilen däl-de, howply häsiýetli çiş keseliniň geçişiniň geljek üçin gowy çaklamasy bolan deri bilen baglanyşdyrýarlar. Mundan başga-da, ulaldyjy enjamda seredilende bu çiş aglaba ýagdaýda öýjükleriniň ýokary derejeli aýyl-saýyllygy bolan ýasy öýjükli buýnuzlaşýan kanseridir. Buýnuzlaşmasy bolmadyk kanser seýrek duş gelýär.

Dodagyň kanseri aglaba ýagdaýlarda keseliň giçki döwürlerinde, eňegasty we äňasty sebitleýin limfa düwünleri arkaly limfa damarlar bilen ýaýraýar, kähalatlarda gan damarlar boýunça atanaklaýyn ýaýramagy döreýär we diňe özbaşyna giden ýagdaýlarda boýnuň çuňňur limfa düwünleri zeperlenýärler.

Dodagyň kanseri, adatça, özüniň haýal ösüşi bilen tapawutlanýar. Geçişi boýunça kanser keseliniň baş görnüşini, baş şekilli, siňip ösýän görnüşini we siňňil şekilli daşgyn ösýän görnüşini ýüze çykarýarlar.

Keseliň başlangyjy dodakda ozalky bar bolan zeperlenmäniň üýtgemegi – zeperlenmäniň aşagynyň dykyzlaşmagy, kynlyk bilen aýrylyp-goýulýan gemreleriň emele gelmegi, soňra çişiň dargamasynyň we kertilen tekiz bolmadyk gyralary bolan baş emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Köplenç, çişme hadysa goşulýar, agyry döreýär. Başyň ölçegleri ulalyp, orta çyzykdan geçýär we tutuş dodagy eýeläp biler. Kanseriň daşgyn ösýän görnüşi teňňejikler bilen örtülen galyp duran gaty ösüntgi, aşagynyň dokumasyna güýçli bildirmeýän siňip ösmek şekilinde ýüze çykýar. Elläp barlanylanda çiş agyrysyz, gaty, serhetleri takyk däl. Giçki döwürlerde ol baş ýagdaýyna geçýär we baş görnüşi bilen umumy meňzeşlige geçýär.

Dodagyň kanseriň başlangyç alamatlarynyň anyklamasy, köplenç, kynçylyklar döredýär, emma onuň özbaşyna giden, giçki döwürlerinde kesel kesgitlemesini goýmak, adatça, kynçylyk döretmeýär. Keseliň geçişiniň alamatlaryny tassyklamak we dokuma gurluşyny aýdyňlaşdyrmak üçin çişden gazap ýa-da çişe aýnajyk ýelmeşdirip, çyrşak ýokundy almak bilen öýjük barlagyny geçirýärler.

Dodagyň kanserini geçişi boýunça meňzeşligi bolan mahsusy çişme keselerden tapawutlandyrmak gerek. Merezýel başy, adatça, tegelek, ganaw şekilli, galňan we kertilen gyraly, başyň düýbi mum şekilli bolýar. Baş sähelçe agyryly,

ganamaýar. Kesel kesgitlemesi serologik barlagy bilen tassyklanylýar. Inçekesel başy gyralary tekiz däl süýri görnüşli bolýar. Kanserden tapawutlylykda ol güýçli agyryly, ganap bilýär. Adatça, zeperlenme ikilenç döreýär. Kesel bedende (adatça, öýkenlerde) başlangyç ojagyň ýüze çykarylmagy bilen tassyklanylýar.

Dodagynyň kanseriň I we II döwürleri bolan näsaglaryň bejergisi, haçanda damarlar boýunça sebitleýin ýaýramagy bolmadyk halatynda, başlangyç çiş zeperlenmesini ýok etmäge gönükdirilendir. Geljek üçin oňat çaklama bilen şöhle bejergisini, sowuk täsiri bilen dargadylmagyny we zeperlenen ýeri taraplary deň gönüburçluk ýa-da iki tarapy ugurdaş dörtburçluk şekilinde kesip aýyrmak görnüşinde hirurgik bejergi ulanylýar. Amaly umumy ýa-da seýrek halatlarda ýerli agyrysyzlandyrma bilen geçirýärler. Çiş zeperlenmesiniň gyrasyndan 2 *sm* daşgyn alyp, dodagyň tutuş galyňlygy boýunça saýlanan şekil görnüşinde dodagyň bölegini kesip aýyrýarlar. Ýarada emele gelen kemtigiň iki tarap gyralary boýunça aşaky ýa-da ýokarky dodak arteriýalary daňýarlar. Dodagyň emele gelen kemtigini düzetmek üçin ýerli dokumalar bilen plastika usuly ulanylýar (*162-nji a, b, ç suratlar*). Keseliň I döwründe 2-3 hepdeden soňra gaýtalanmagynyň öňüni alyş çäresi hökmünde Wanahyň amaly görnüşinde äňasty we eňegasty töwerekleriniň sebitleýin limfa ulgamynda, II döwründe bolsa boýnuň öýjükli dokumasynyň ýokarky gatlaklaýyn kesilip aýrylmasy görnüşinde amal geçirýärler. Dodagyň kanseriň III döwri başlangyç çişiň we sebitleýin ýaýrama ýollarynyň toplumlaýyn bejergisini talap edýär we ol amalyň öňünden geçirilýän şöhle bejergisinden hem-de soňraky, kähalatlarda aşaky äň eňek böleginiň kesilip aýrylmagy bilen utgaşdyrylýan hirurgik amaldan durýar. Boýnuň limfa düwünlerinde geçirilýän amal boýnuň öýjükli dokumalaryny gatlaklaýyn kesip aýyrmakda we Kraýlyň amaly görnüşinde geçirilip bilner. Dodagynyň kanseriniň IV döwri bolan näsaglaryň bejergisi çylşyrymly we soňraky döwürde ýaramaz netije bilen tamamlanýar. Görkezmeler boýunça toplumlaýyn bejergini ulanýarlar: amal öňündäki şöhle bejergisi hem-de dodagyň soňraky giňişleýin kesilmegi we aşaky äň böleginiň kesilip aýrylmagy, ýüzleý ähmiýetli şöhle bejergisi ýa-da kesel alamatlaryna garşy bejergi.



*a)* *b)* *ç)*

*162-nji a, b, ç suratlar.* Aşaky dodagyň kanserinde dodagyň taraplary deň gönüburçluk görnüşinde kesilip aýrylyşy we kemtigiň soňraky düzedilişi:
*a* – kesim geçirilýän çyzyklar; *b* – aşaky dodagyň kemtigi; *ç* – kemtigiň düzedilişi

**Näsagyň ömrüniň geljegi üçin çaklamasy.** Häzirki zamanda dodagynyň kanseriniň I we II döwürleri bolan näsaglar, adatça, sözüň doly manysynda diýen ýaly doly bejerilýär, III döwründe bolsa näsaglaryň 30-40%-iniň sagalmak mümkinçiligi döreýär.

### 12.3.3.2. Diliň kanseri

Bu çiş ýygylygy boýunça dodagyň kanserinden soňra ikinji ýerde durýar. Köplenç, ýaşy 40-dan geçen erkek kişiler keselleýärler. Diliň gapdal tarapynda ýerleşmegi 60-70% duş gelýär, düýbünde 20%-den köp ýagdaýlarda, diliň üstünde we ujunda seýrek duş gelýär. Kanseriň döremegine, aýratyn hem, onuň gapdal tarapynda, kökleriň we dişleriň, petikleriň, emeli täjiň, emeli diş gurnamasynyň ýiti gyralary we emeli diş gurnamasynyň ilgençegi bilen uzak wagtyň dowamyndaky şikesleri ýardam edýär. Bu ýerde, ýagny diliň gapdalynda, köplenç, howply çiş öňýany ýagdaýlar döreýär we soňraky döwürde çişiň emele gelmegine getirýär.

Diliň kanseriň geçişi onaýsyz bolup, näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy üçin onuň düýbünde, orta böleginde we ujunda ýerleşenliginiň ähmiýeti bardyr. Diliň ujunyň çişleri onuň gapdal, aýratyn hem, yzky böleginde ýerleşenligine garanyňda, adatça, uly ölçeglere ýetmeýär. Diliň düýbüniň kanseri çalt ösýär, boýnuň çuňňur limfa düwünlerine ir we köplenç, sebitleýin ýollar boýunça ýaýraýar, şeýle hem atanaklaýyn we iki taraplaýyn ýaýramagy seýrek däl. Diliň düýbündäki çiş öýjük derejesinde kiçi gurluşy boýunça buýnuzlaşmaýan ýasy öýjükli kanseri (çişiň III derejeli howply häsiýetliligi) we onuň bir görnüşi bolan limfoepitelioma bolup durýar. Diliň orta we öň tarap böleklerinde emele gelmek bilen kanser eňegasty, äňasty we boýnuň çuňňur limfa düwünlerine ýaýraýar. Bu ýerlerdäki kanser dokuma gurluşy taýdan, esasan, buýnuzlaşýan ýasy öýjükli kanseri bolup durýar (çişiň howply häsiýetliliginiň I we II derejeleri).

Kanseriň siňňil görnüşi çişiň baş we siňip ösýän görnüşlerine garanyňda, adatça, seýrek duş gelýär we oňaýly geçýär.

Diliň kanseriň başlangyc döwri, köplenç, aýdyň bildirip duran alamatlary bolmazdan geçýär we diňe ýakymsyz duýgular ýüze çykýar. Baş ulaldygyça ganap bilýär, onuň gyralary galyp durýar. Diliň ellenilip barlanylmagy onuň sähelçe agyryly ýa-da asla agyrysyz, aýdyň çäkleri bolmadyk gatańsylygyny ýüze çykarýar. Soňraky ösmekligi netijesinde çiş aşagynyň muskul dokumasyna ýaýraýar, agyz boşlugynyň düýbüne, öýjükli ösüntgilere, kentlewük ýaýjagazlaryna we damaga geçýär, diliň hereketleriniň çäklenmesi ýüze çykýar. Eger-de çişme hadysasy goşulsa agyry döreýär, ýuwdunmak agyryly bolýar, iýmit kabul etmek kynlaşýar. Çişiň sebitleýin ýaýramasy bolanda ulalan, gaty, ýerinden süýşýän, agyrysyz, togalak görnüşli limfa düwünler ellenilip ýüze çykarylýar we olar soňabaka biri-biri, töwereginiň dokumalary we deri bilen birleşýär, hereketsiz ýagdaýa geçýär, emele gelen topbakda baş döräp bilýär.

Diliň kanseriniň anyklamasyny öýjük barlagy bilen tassyklaýarlar. Barlag üçin, esasan, çişiň başly ýerini gazamak bilen çyrşak alýarlar, agyryly bolanda siňdirme agyrysyzlandyrmanyň kömegi bilen geçirýärler. Käbir ýagdaýlarda çiş gataňsylygynyň sanjymyny geçirýärler, sebäbi çişiň üstünden alnan maddanyň barlanylmagy ygtybarly dogry netijäni hemişe bermeýär. Şeýle hem çişiň sebitleýin ýaýramagyny tassyklamak üçin ulalan limfa düwünlerini sançýarlar.

Diliň kanseriniň geçişi merezýel, inçekesel, aktinomikoz ýaly käbir keselleri, şeýle hem ýagyr başy we gan kesellerinde döreýän başly-çüýreme zeperlenmäni ýatladýar.

Ýagyr başy dokumalaryň dişler ýa-da emeli diş gurnamasy bilen şikeslenmegi netijesinde döreýär we çiş örgünleriniň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýär. Baş fibrinli ýokundy bilen örtülen, köplenc, agyryly, sebitiniň dokumalary gyzaran. Çişden tapawutlylykda ol ony döreden sebäp aýrylandan 7-10 gün soňra doly bitýär.

Leýkozda döreýän agyz boşlugynyň nemli bardasynyň çüýreme zeperlenmeleri çüýrän ýerleriň çalt artmagy, olaryň haýal gopmagy bilen häsiýetlendirilýär. Daşyny gurşap alan dokumalarda çişme alamatlary bolmaýar. Kesel kesgitlemäni ganyň düzümindäki üýtgemeler tassyklaýarlar (has güýçli bildirýän ganyň ak öýjükleriniň azalmagy ýa-da köpelmegi we ş.m.)

**Bejergisi.** Diliniň kanseri bolan näsaglary toplumlaýyn usul bilen bejerýärler. I we II döwürleri bolanda amalyň öňünden çişiň başlangyç ojagynyň utgaşdyrylan şöhle bejergisini belleýärler, soňra 3-4 hepde geçenden soň diliň ýarysyny kesip aýyrýarlar (mümkin bolsa elektropyçak bilen). Diliň ýarysyny kesip aýyrmagy umumy agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrýarlar. Dili sapaklara alýarlar we ýüpek sapak bilen onuň keselli tarapynyň düýbünde çişiň daşy bilen tikip çykýarlar. Elektropyçak bilen dili orta çyzyk boýunça parçalaýarlar, parçalanýan wagty diliň saklanyp galýan ýarysynyň ýarasyny tikýärler. Kese kesim bilen ozal goýlan ýüpek sapak tikinleriň öňünden diliň aýrylyp-goýulýan bölegini onuň düýbünden kesip aýyrýarlar. Diliň ýarysyny kesip aýyrmak bilen bir wagtda boýnuň öýjükli dokumalarynyň gatlaklaýyn kesilip aýrylmagy görnüşinde geçirilýän sebitleýin limfa düwünlerini keseliň gaýtalanmagynyň öňüni alyş çäresi hökmünde kesip aýyrmak hökmandyr. Diliň kanseri III döwründe çişiň başlangyç ojagynda we sebitleýin ýaýrama ýollarynda toplumlaýyn bejergini ulanýarlar. Munda dildäki amalyň göwrümini agyz boşlugynyň düýbüniň beýleki tarapynyň hem dokumalaryny kesip aýyrmaklygyň hasabyna ulaldýarlar, şeýle hem boýunda Kraýlyň amalyny geçirýärler.

Diliň kanserinde näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy çişiň dodakda ýerleşenindäkä garanyňda erbetdir. Diliň öň tarap böleginiň gapdalynda ýerleşen kanseriň siňňil görnüşiniň I we II döwürlerinde geçirilýän bejergi näsaglaryň 50-70% sagalmagyna getirýär. Diliň yzky böleginiň çişlerinde näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy oňaýsyzdyr. Diliň ýarysy kesilip aýrylanyndan soňra ýuwaş-ýuwaşdan gepleýşi düzelýär we iýmit kabul edişi kadalaşýar.

### 12.3.3.3. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri

Agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynyň kanseri, takmynan, 15%-ini eýeleýär. Kesel, köplenç, öň böleginde, seýrek ýagdaýda bolsa yz böleginde ýerleşýär. Kähalatlarda agyz boşlugynyň düýbi kanser bilen çişiň dilden, diş etinden, aşaky äňden ýaýramagy netijesinde zeperlenýär. Aglaba ýagdaýlarda 50 ýaşdan geçen erkek adamlar keselleýärler.

Agyz boşlugynyň düýbüniň yzky böleginiň kanseriň onuň öň böleginde duş gelýäninden has oňaýsyz geçişi bar. Näsagyň ömrüniň geljegi üçin çişiň gapdal ýany sebitlere – dile, aşaky äňe, agyz boşlugynyň beýleki tarapyna ýaýramagy keseliň çaklamasyny agyrlaşdyrýar. Adatça, agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynyň kanseri baş şekilli-siňip ösýän zeperlenme görnüşinde ýüze çykýar. Käwagt, aýratyn hem yzky böleginde bolanynda, kanseriň yş şekilli görnüşi ýüze çykýar. Munuň ýaly bolanynda dili beýleki tarapa çekip, dykgat bilen barlag geçirilende çişi ýüze çykaryp bolýar.

Agyz boşlugynyň düýbüniň kanseri, adatça, has ir sebitleýin limfa düwünlerine ýaýraýar. Käwagt çişiň limfa ýollary boýunça ýaýramagyny kanseriň başlangyç ojagy anyklanylmanka ýüze çykarýarlar.

Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri başlangyç döwürlerinde bildirmän geçip bilýär, soňabaka bolsa baş ýerinde agyry döreýär, gulaga, çekgä ýaýraýan agyrylar ýüze çykýar, naharlanmak we geplemek kynlaşýar. Agzyndan ýakymsyz çüýrüntgi ys gelýär. Köplenç, näsaglarda köp ýokundy bilen örtülen köpsanly döwlen dişler we kökler bolýar. Agyz boşlugynyň düýbi barmaklar bilen barlanylanda kähalatlarda agyryly bolan ýaýraň häsiyetli gataňsylyk kesgitlenilýär. Iki eliň barmaklary bilen barlamak çişiň aşagynyň ýumşak dokumalary we aşaky äň bilen arabaglanyşygyny ýüze çykarmaga ýol berýär.

Agyz boşlugynyň düýbüniň nemli bardasynyň kanseri dokuma gurluşy boýunça, esasan, buýnuzlaşýan seýrek ýagdaýlarda bolsa, buýnuzlaşmaýan ýasy öýjükli görnüş bolup durýar.

Kesel kesgitlemesini gutarnykly görnüşde baş ýeriniň ýüzünden gazap almak ýa-da çişiň sanjymy bilen alnan dokuma bölejiginiň öýjük barlagy geçirilenden soňra goýýarlar.

Keseliň deňeşdirme anyklamasyny diliň kanserinde sanalan kesel görnüşleri bilen, şeýle hem ýürek-damar keselleriniň uýgunlaşmasy bolmadyk näsaglarda ýüze çykýan madda alyş-çalşygynyň bozulma başy bilen geçirýärler. Madda alyş-calşygynyň bozulma başy gyralarynyň gataňsylygynyň we çişme alamatlarynyň ýoklugy, gopýan çüýrüntgi dokuma maddaly çalymtyl reňkli düýbi bilen häsiýetlendirilýär. Baş agyrysyz, agyz boşlugy ýakymsyz ysly. Umumy barlag geçirilende, has bildirip duran ýürek-damar bozulmalary kesgitlenilýär.

Agyz boşlugynyň düýbüniň kanseri bolan näsaglaryň bejergisini, esasan, toplumlaýyn geçirýärler. Amalyň öňünden çişiň başlangyç ojagynyň we sebitleýin

ýaýran ýerleriniň şöhle bejergisini geçirýärler. Amal agyz boşlugynyň düýbüniň dokumalaryny, seýrek bolmadyk halatlarda bolsa aşaky äňiň we diliň bölegini bilelikde kesip aýyrmakda jemlenendir. Çiş agyz boşlugynyň yzky böleginde ýerleşende düýpli görnüşde utgaşykly şöhle bejergisini geçirmegi maslahat berýärler we ol öňünçä geçirilen sowuk täsiri bilen doňduryp dargatmaklykdan soň oňaýly diýip hasap edýärler. Boýnuň limfa ulgamyndaky amaly esasy amal bilen birwagtda geçirmek we olary çişiň başlangyç ojagy bilen bir bitewi tokga görnüşde aýyrmak oňaýlydyr.

Näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy çiş agyz boşlugynyň düýbüniň yz bölegine garanyňda, onuň öň böleginde ýerleşende birneme oňaýly bolýar. Dikeldiş hirurgiýanyň dürli usullaryny ulanyp, ciş kesilip aýrylanda emele gelýän kemtigiň ilkinji, ýagny şol wagtky düzediş amallaryny geçirmek maslahat berilýär.

### 12.3.3.4. Ýaňagyň nemli bardasynyň kanseri

Ýaňagyň kanseri, adatça, seýrek duş gelýär. Ol aglaba ýagdaýlarda ýaşy 50-den geçen çilimkeş we nas atýan erkek adamlarda leýkoplakiýa ýerinde döreýär. Köplenç ýagdaýlarda, çiş ýaňakda nemli bardanyň dişleriň galtaşma çyzygynyň deňesi boýunça ýerleşýär. Agyz boşlugynyň beýleki synalarynda bolşy ýaly, azy yzynyň sebitini goşmak bilen ýaňagyň yzky bölegindäki kansere garanyňda, onuň öň böleginde ýerleşende has oňaýly geçýär (*163-nji surat*).



*163-nji surat.* Ýaňagyň nemli bardasynyň kanseri

Ýaňagyň nemli bardasynyň kanseri baş şekilli-siňip ösýän görnüşinde ýa-da siňňil görnüşinde geçýär. Çiş ulaldygyça aşagynyň muskul dokumasyna we ýaňagyň derisine, ganat şekilli äň ýygyrdyna, badamjyklaryň töweregine ösýär, şeýle hem äň süňklerine ýaýrap bilýär. Esasan, eňegasty we äňasty limfa düwünlere ýaýraýar.

Ulaldyjy enjam barlagynda, adatça, buýnuzlaşýan ýasy öýjükli kanser bolup durýar, seýrek halatlarda ol buýnuzlaşmaýan görnüşde bolýar.

Bejergisi toplumlaýyn geçirilýär. Näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy agyz boşlugynyň düýbüniň kanserindäki ýalydyr.

### 12.3.3.5. Aşaky äňiň kanseri

Kanseriň bu ýerdäki görnüşi, köplenç, öýjükli ösüntginiň nemli bardasynyň we agyz boşlugynyň synalarynyň kanseriniň süňke ýaýramagy netijesinde, ikilenç

ýüze çykýar. Dokuma gurluşy boýunça edil agyz boşlugynyň nemli bardasynyň çişindäki ýaly bolýar. Mundan başga-da, seýrek bolýanlygyna garamazdan, äňde Malasseniň örtgi dokuma adajyklaryndan diş sebäpli bolan başlangyç kanser ýüze çykyp bilýär. Şeýle hem bedeniň beýleki daşgyn synalaryndan (aşgazan, süýt mäzleri we ş.m.) gan damarlar boýunça ýaýramagynyň netijesi bolan ikilenç kanser ýüze çykyp bilýär. Köplenç ýagdaýda, kanser agyz boşlugynyň nemli bardasyndan äňe ýaýramagy netijesinde döreýär. Aglaba ýaşy 40-dan geçen adamlarda, köplenç ýagdaýlarda, kiçi we uly azy dişleriň ýerleşýän ýerlerinde, seýrek halatlarda aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasynyň gyrasynyň degýän ýerinde duş gelýär.

Äňiň zeperlenmesiniň başlangyç döwri bildirmän geçýär. Daşky gabyk gatlagy zaýalanandan soňra bolsa kanseriň geçişi çaltlaşýar, agyrylar ýüze cykýar, çişiň çäklerindäki dişler yrgyldap başlaýar. Kanser başynyň düýbi çal reňkli zaýalanan büdür-südür süňk bolup durýar. Çişiň ulalmagy bilen kanser äňiň damar-nerw dessejigine ýaýraýar we aşaky dodagyň degişli böleginiň duýgurlygy bozulýar. Daşyny gurşap alan ýumşak dokumalara ösüp ýaýramagy netijesinde agzyň açylmasynyň çäklenmesi ýüze çykýar, ýuwdunanda agyry döreýär. Seýrek bolmadyk halatlarda çişme hadysasy ýolugýar we bu keseliň geçişini agyrlaşdyrýar hem-de köp babatda anyklamasyny kynlaşdyrýar.



*164-nji surat.* Aşaky äňiň kanseri (rentgen surat)

Aşaky äňiň kanseri üçin sebitleýin limfa düwünlere ir ýaýramak häsiýetlidir.

Aşaky äňiň kanseriniň anyklamasynda rentgen barlagynyň ähmiýeti örän uludyr. Ol çişiň häsiýetini we ýaýraýşyny kesgitlemäge kömek edýär. Rentgen suratda «ereýän gant» ýaly anyk çäkleri bolmadyk seýrekleşmesi şekilinde süňk dokumasynyň dargaýşyny görmek bolýar. Süňk bardasy tarapyndan jogap görnüşinde hiç bir üýtgeme bolmaýar (*164-nji surat*).

Aşaky äňiň kanseriniň kesel kesgitlemesini keseliň geçişiniň we rentgen maglumatlarynyň esasynda goýýarlar hem-de ony çişden gazap alnan çyrşak ýokundynyň öýjük barlagy ýa-da çişden kesilip alnan dokumanyň gurluşynyň barlagy bilen tassyklaýarlar. Ulalan sebitleýin limfa düwünler bolanda çişiň ýaýraňlygyny ýüze çykarmak maksady bilen sanjym bilen alnan dokuma bölejiklerini barlaýarlar. Käbir ýagdaýlarda limfa düwünleriniň ulalmagyny (göwrüminiň ulalmagy görnüşinde) soňra ýolugan bile geçýän çişme hadysasyna garşy bedeniniň jogaby bolup durýanlygyny ýatda saklamak gerek.

Aşaky äňiň kanserini üznüksiz osteomiýelitden tapawutlandyrmak gerek. Keselleriň soňkusynda ýiti görnüşli başlangyjy we onuň diş kesel sebäbi bolýar, başlar bolmaýar, emma iriň akýan ýa-da guran deşik bolup biler. Rentgen suratda süňk

bardasynyň oňat bildirýän jogap üýtgemesi we adatça, emele gelýän çüýrän erkin süňk bölekleri görünýär.

Äňiň kanseriniň gaýtadan ýüze çykmagyny şöhle bejergisinden soňra döreýän süňk çüýremesinden tapawutlandyrmak gerek. Şöhle süňk çüýremesinde güýçli agyrylar bolýar, süňk zeperlenmesiniň çäkleri bolmazdan gurşap alan dokumalaryň güýçli bildirýän çişme hadysasy ýüze çykarylýar. Kesel hadysasy birnäçe aý we hatda ýyl dowam edýär. Onuň anyklamasynda dokuma barlagynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Agyz boşlugyndaky kanseri we madda alyş-çalşygynyň bozulma başy biri-birinden tapawutlandyrylanda, aýgytlaýjy alamat näsagyň ýürek-damar ulgamynyň uýgunlaşmasy bolmadyk keseli bolup durýar.

Aşaky äňiň kanseriniň bejergisi toplumlaýyn geçirilýär. Amalyň öňünden çişiň başlangyç ojagyna we sebitleýin ýaýran ýerlerine şöhle täsirini ulanýarlar. Amal bejergisini şöhle bejergä dörän jogap üýtgeme gowşanyndan 3-4 hepde soňra amala aşyrýarlar. Ol çişiň ýerleşişine we ýaýraňlygyna baglylykda äňi kesip aýyrmagyň dürli görnüşlerini (Ser.: 12.9 we 12.9.2.) özünde jemleýär.

Ýaýraň çişde näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy oňaýsyz. Näsagda amal geçirip bolan ýagdaýynda güýçli bildirip duran işjeňlik we keşp bozulmalaryna getirýän hem-de soňraky dikeldiş bejergini talap edýän ýüzüň aşaky üçden bir böleginiň uly kemtigi emele gelýär.

### 12.3.3.6. Ýokarky äň kanseri

Ýokarky äň kanseri ýanaşyk ýerleriň nemli bardasynyň kanseriniň daş-töweregine ýaýramagy netijesinde döreýär. Kentlewügiň, öýjükli ösüntginiň we ýaňagyň nemli bardasyndan ýokarky äň süňküne geçmek bilen çiş buýnuzlaşýan ýa-da buýnuzlaşmaýan ýasy öýjükli kanser görnüşinde ýüze çykýar. Ýokarky äň boşlugynyň, gözenek süňküň geçelgeleriniň we burun boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri hem ýokarky äň süňküni zeperleýär. Dokuma gurluşy taýdan mäzli emele gelmeleri bolan burunýany boşluklaryň nemli bardasynyň gurluşy ýaly bolýar. Mundan başga-da, ýokarky äňiň mäz häsiýetli howply çişi kentlewügiň kiçi nemli-tüýkülik mäzlerinden emele gelýär (*adenokarsinoma, adenokistoz* we ýüzleý gatlak dokuma meňzeş *karsinoma*).

Ýokarky äň kanseriniň geçişi çişiň başlangyç ojagynyň ýerleşişine bagly. Kentlewügiň, ýaňagyň ýa-da ýokarky äňiň öýjükli ösüntgisiniň nemli bardasyndan başlananda, ilki agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanserine häsiýetli geçişi bolýar, soňra bolsa äň süňküniň zeperlenmesi bilen kesel has ýaýraň görnüşe geçýär, dişleriň yrgyldysy, kynlyk bilen burundan dem almak, agzynyň açylyşynyň çäklenmesi döreýär.

Çiş ýokarky äň boşlugyna ösen ýagdaýynda keseliň geçişi äňiň boşlugynyň nemli bardasyndan başlan kanseri ýaly geçýär.

Ýokarky äň kanseriniň geçişi başlangyç döwründe az alamatlydyr we üznüksiz çişme hadysa meňzeş geçýär: agyry, adatça, bu döwürde bolmaýar, burun geçelgesinden sarymtyl suwuklyk çykýar we burny biten ýaly bolýar. Munuň ýaly ýagdaý 2-4 aýyň dowamynda näsaglarda kän bir azar bermän dowam edip biler. Kesel beterleşdigiçe, ýokarky äňiň degişli tarapynda agyrlyk duýgusy goşulýar, burundan iriň gatyşykly sarymtyl suwuklyk akýar we çişiň başlangyç ojagynyň ýokarky äň boşlugynyň ol ýa-da beýleki ýerinde ýerleşmegi bilen baglanyşykly bolan başga köpsanly alamatlar ýüze çykýar. Zeperlenmäniň ýerini çişiň ösüşiniň ugruny kesgitlemek üçin ýokarky äň boşlugyny L. Ongren boýunça böleklere bölmeklik taslamasyny ulanýarlar. Gözhananyň içki gyrasyny aşaky äňiň burçy bilen birikdirýän birinji ýapgyt tekizlik boşlugy ikä: aşaky-öň we ýokarky-yz böleklere bölýär. Ikinji tekizlik (öňden yza dikleýin) ýokarky äň boşlugyny içki we daşky böleklere bölýär (*165-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*165-nji a, b suratlar.* Ýokarky äňiň Ongren boýunça bölekleri:
*a* – öňden-yza dikleýin tekizlik boýunça içki we daşky bölekler;
*b* – gapdalda ýapgyt tekizlik boýunça aşaky-öň we ýokarky –yz bölekler

Şeýlelik bilen, 4 sany bölek emele gelýär: içki aşaky-öň, daşky aşaky-öň, içki ýokarky-yz we daşky ýokarky-yz.

Ýokarky äň boşlugynyň içki aşaky-öň böleginde ýerleşen çişe doňan ýaly duýguly kiçi azy dişleriň we gyýak dişiň yrgyldamagy häsiýetlidir. Olar sogrulandan soňra dişleriň öýjüklerinden çiş dokumasy ösüp çykyp başlaýar. Çişiň burun boşlugyna tarap ýaýramagy netijesinde degişli tarapyň burun geçelgesiniň dykylyp durmagy ýüze çykýar. Çiş ýokarky äň boşlugynyň öň tarap diwaryna we ýumşak dokumalara öseninde ýüzüň gyşarmasy emele gelýär.

Daşky aşaky-öň bölüminiň zeperlenmesi ýokarky äňiň güberçek ýeriniň zaýalanmagyna getirýär, ýokarky uly azy dişleriň yrgyldamagyna we olaryň «pagtanyň içinde» duran ýaly bolmagyna getirýär. Çiş hadysasyna aşaky äňiň şahasy, badamjyklar çekilip bilýärler we ol çeýneýiş muskullaryna öseninde agzyň açylyşynyň çäklenmesi döreýär.

Içki ýokarky-yz bölegiň kanseri aglaba ýagdaýlarda gözenek süňke we gözhana tarap ýaýraýar, göz almasynyň süýşmegi we çykjak bolup durmagy ýüze çykýar. Köplenç, kellagyry we üç şahaly nerwiň 2-nji şahasynyň nerw üpjünçilik ýerleriniň deri duýgurlygy peselýär.

Daşky ýokarky-yz bölekde çiş emele gelmegi goşa görmek ýagdaýy bilen göz almasynyň çykjak bolup durmagy, göz yşynyň ulalmagyna getirýär. Gözasty nerwiň çukurjygyna ösýär (*166-njy surat*).



*166-njy surat.* Ýokarky äň boşlugyndan döräp başlan howply çişiň ösüp ýaýraýan ugurlary

Ýokarky äň öýjükli ösüntgisiniň kanseri rentgen suratynyň görnüşi aşaky äňiň zeperlenmesindäki ýaly bolýar («ereýän gant» görnüşli süňküň zaýalanmagy). Ilkibaşda kökara we dişara süňk perdelerinde, soňra bolsa öýjükli ösüntginiň çäginden daşarda hem süňküň ereýän şekilli üýtgemeleri ýüze çykarylýar.

Ýokarky äň boşlugynyň kanseriniň irki döwründe rentgen suratda süňk serhetleri bozulmazdan, üznüksiz çişme hadysalaryndaky ýaly, onuň garalmagy ýüze çykarylýar. Boşlugyň süňk diwarlaryna çiş ösende, olaryň doly ýok bolmagyna çenli ýetýän zaýalanmagy ýüze çykarylýar (*167-nji a, b suratlar*).





*a)* *b)*

*167-nji a, b suratlar.* Ýokarky äňiň çep tarap kanseri:
*a* – agyz boşlugyndaky görnüş; *b* – rentgen surat

Ýokarky äň boşlugynyň kanseriniň irki döwründe, haçanda süňk diwarlarynyň zaýalanmasy ýok wagty, onuň anyklamasyny geçirmek kynlaşýar. Sebäbi onuň geçişi we rentgen surat şekili üznü ksiz çişme keseldäkä meňzeşdir. Käbir ýagdaýlarda ýokarky äň boşlugynyň çişiniň ilkinji alamatlarynyň biri bolup sagdyn ýokarky gapdal dişleriň yrgyldysynyň döremegi, şeýle hem görnüp duran sebäbi bolmazdan, bir tarapdan burundan dem alşynyň kynlaşmagynyň döremegi

bolup bilýär. Mundan başga-da, diş sogrulandan soňra diş öýjüginde dörän örgünler lukmanda äňiň çiş zeperlenmesiniň mümkindigine howatyrlanma döretmelidir.

Ýokarky äň ýaýraň kanseri anyklama meselesinde seýrek kynçylyk döredýär. Çişiň dokuma gurluşy taýdan aýdyňlaşdyrylmagyny baş ýerini gazap çyrşak ýokundy almak ýa-da çişiň sanjymy esasyndaky öýjük barlagy bilen geçirýärler. Ýokarky äň boşlugynyň süňk diwarlarynyň bütewüligi bozulmadyk ýagdaýynda onuň içki diwaryny sançmak bilen ýuwundy alýarlar we öýjük barlagyny geçirýärler. Öýjük barlaglarynyň netijeleri ygtybarly bolmadyk ýagdaýynda açyk usul bilen kesilip alnan ýa-da anyklaýyş üçin boşlugy açmak amal ýoly bilen alnan dokuma böleginiň gurluş barlagyny geçirýärler. Ýokarky äň kanserini ýokarky äň boşlugynyň üznüksiz çişmesinden tapawutlandyrmak gerek. Üznüksiz cişme keselinde burundan akýan suwuklykda gan gatyşygy bolmaýar, rentgen suratda bolsa ýokarky äň boşlugynyň süňk diwarlary bozulman saklanyp galan bolýar. Şeýle hem üznüksiz süňk çişmesi bilen tapawutlandyryş anyklamasyny geçirmek gerek. Uzak wagtyň dowamynda geçýän, iriňlän diş kesel kistasy bolsa we ýokarky äň boşlugynyň haýsy-da bolsa bir diwarynyň ýa-da onuň güberçek ýeriniň eremegi käwagt rentgen şekili taýdan ýokarky äň howply çişine meňzeş bolýar. Emma barmak bilen barlananda, kansere häsiýetli bolmadyk onuň üstüniň çökýänligi, kagyz hytyrdysy ýa-da mylkyldy kesgitlenýär.

Ýokarky äň kanseriniň bejergisi toplumlaýyn amala aşyrylýar. Amal öňünden aralykdan tutulýan gamma şöhle bejergi, 3-4 hepde soňra bolsa ýokarky äňi kesip aýyrmak amala aşyrylýar. Soňra ýokarky äňiň kemtigini ortopediýa usuly bilen ýasalan dürli emeli diş gurnamalary bilen ýapýarlar.

Sebitleýin limfa düwünlerine çişiň ýaýramagy bolanynda hem toplumlaýyn bejergi – amalyň öňünden şöhle bejergini we boýnuň öýjükli dokumalaryny gatlaklaýyn kesip aýyrmak ýa-da Kraýlyň amaly geçirilip bejerilýär.

Ömrüniň geljegi üçin çaklamasy näsaglaryň bejeriş edaralaryna giç ýüz tutýandyklary üçin oňaýsyzdyr.

## 12.4. DIŞ SEBÄPLI ÇIŞLER, ÄŇLERIŇ ÇIŞE MEŇZEŞ KESELLERI WE KISTALARY

Diş sebäpli çişler synalara mahsus kesel bolup durýarlar. Olaryň gelip çykyşlary äň süňklerinde ýerleşen diş emele getiriji dokumalar bilen baglanyşyklydyr.

Olaryň arasynda howpsuz we howply çişler, çişe meňzeş keseller we diş sebäpli kistalar bar.

### 12.4.1. Diş sebäpli çişler we çişe meňzeş keseller

#### 12.4.1.1. Ameloblastoma

Ameloblastoma içine siňip ösmeklik ukyby bolan howpsuz diş sebäpli örtgi dokuma çişidir. Süňküň içinde döräp başlaýar, ulaldyjy enjam barlagynda dişiň syrça synasynyň ösüşiniň döwrüni ýatladýar. Köplenç ýagdaýda, orta ýaşly adamlarda duş gelýär, 80% ýagdaýda aşaky äň burçunda we şahasynda ýerleşýär.

Keseliň ýüze çykyş alamatlary az häsiýetli. Kesel birnäçe ýylyň dowamynda haýal geçýär, uzak wagtlap alamatsyz bolýar we käwagt tötänleýin rentgen suratda ýa-da ýokanç düşüp çişme hadysasy üstüne goşulanda ýüze çykarylýar. Ýuwaş-ýuwaşdan pökgerme görnüşinde äň agyrysyz gyşarmasy döräp we ulalyp başlaýar. Deri örtükleri üýtgemeýär. Agyz boşlugynyň bosagasy tarapyndan geçiş ýygyrdynyň düzlenmegi ýa-da güberip durmagy, şeýle hem äň şahasynyň öň tarap gyrasynyň ýognanlygy, käwagt bolsa has-da giňänligi kesgitlenilýär. Çişiň ýerleşen ýeriniň üstüniň nemli bardasy daş-töwereginiňkiden reňki boýunça tapawutlanmaýar. Güberip duran ýeriň el barlagynda äň gabyk gatlagy çökýär, käwagt bolsa kagyz hytyrdysynyň alamaty, şeýle hem süňk ýoklugy sebäpli mylkyldy alamaty kesgitlenilýär. Käbir ýagdaýlarda çiş äň süňküniň çäginden çykyp, ýumşak dokumalaryň içine tarap ösýär. Seýrek, emma howply görnüşe hem geçip bilýär. Bu çiş keseliň başlangyç howply geçýän görnüşi hem bar.

Rentgen we 3D kompýuter tomografik surat görnüşi anyk serhetleri bolan süňk dokumasynyň köpsanly seýrekleşme ojaklary görnüşinde zaýalanmagy bilen häsiýetlendirilýär (seýrekleşmäniň köp öýjükli görnüşi). Dürli ölçegdäki boşluklaryň aralary süňk perdeler bilen bölünen. Seýrek ýagdaýlarda keseliň bir öýjükli görnüşi duş gelýär. Käwagt boşlugyň içinde çykyp bilmedik diş hem ýerleşýär (*168-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*168-nji a, b suratlar.* Aşaky äňiň çep tarap şaha bölegine we bedenine ýaýran ameloblastomasy (KT): *a* – gapdaldan; *b* – öňden

Ameloblastomanyň anyklamasy onuň diş saklaýan we ilkinji döreýişli diş sebäpli kistalar, mähnet öýjükli çiş we ameloblastiki fibroma bilen köp babatda meňzeşligi bilen kynlaşan. Çişiň dokuma gurluş barlag tassyklamasy gerek. Ameloblastomada öýjük barlagy üçin sanjym netijesinde alynýan madda diş sebäpli kistada bolşy ýaly, köplenç, dury sary reňkli holesteriniň duzlary bolan ýalpyldaýan suwuklyk bolup durýar. Şonuň üçin hem açyk görnüşde barlag üçin çişiň dokuma bölejiginiň kesilip alynmagy gerek, onda-da alynýan dokuma diňe bir çiş bardasy bolman, eýsem, onuň daşynyň süňküni hem öz içine almalydyr.

Adaty görnüşinde ameloblastomany kistoz görnüşe we seýrek duş gelýän dykyz görnüşe bölýärler. Çişi kiçi gurluşy boýunça 5-den köp görnüşe bölýärler.

**Bejergisi.** Äň bölegini kesip aýyrýarlar, eger-de mümkin bolsa şol bir wagtda süňk dikeldiş amalyny hem amala aşyrýarlar (*169-njy a, b suratlar*).



*a)*



*b)*

*169-njy a, b suratlar.* Aşaky äňiň eňek böleginiň ameloblastomasy we onuň yzygiderliligini saklamazdan kesilip aýrylmaklygy hem-de gaýnadylyp ýene-de ýerine goýlan öz äň süňki bilen plastikasy (rentgen suratlar): *a* – amaldan öň görnüşi; *b* – amaldan soň görnüşi

Keseliň geljeginiň çaklamasy näsagyň ömri üçin oňaýly. Çişi aýyrmak näsagyň sagalmagyna getirýär, emma ýüzüň amaldan soňraky gyşarmasynyň döremegi mümkin.

### 12.4.1.2. Ameloblastiki fibroma

Bu howpsuz çiş orta deri gatlak dokuma (mezoderma) bilen gurşalan, köpelýän diş döreýişli örtgi dokumadan durýar we diş emzijegine meňzeýär, emma odontoblast emele getirmeýär. Bu kesel ozal ýumşak odontoma diýlip atlandyrylan. Seýrek duş gelýär, gaýtalanmaga we ameloblastiki fibrosarkoma görnüşinde howply geçişe ýykgynly. Çiş, köplenç, ýaş adamlarda ýüze çykarylýar. Esasan, aşaky äň kiçi azy dişleriniň deňesinde ýerleşýär.

Keseliň geçişi ameloblastomanyňka meňzeş. Rentgen suratda kistoz keseli ýatladýan we onuň içinde diş dokuma bölekleri, hatda emele gelýän diş hem bolup bilýän oňat çäklenen zaýalanma ojagy görnüşinde ýüze çykýar.

Ameloblastiki fibromany ameloblastoma, mähnetöýjükli çiş we miksoma bilen tapawutlandyrmak gerek.

Kesel kesgitlemesini goýmakda dokuma barlagynyň aýgytlaýjy ähmiýeti bar. Sanjym maddanyň öýjük gurluş barlagyna esaslanýan anyklaýyşda kynçylyklar ýüze çykan ýagdaýynda barlag üçin çişiň dokuma bölejiginiň kesilip alynmagy geçirilýär.

Ulaldyjy enjam barlagynda ameloblastoma garanyňda onuň birleşdiriji dokuma bölegi has köp öýjükli, örtgi bölegi ameloblastomadaka meňzeş, içinde bolsa kista emele gelmeýär.

Bejergisi äň böleginiň kesilip aýrylmagy görnüşinde geçirilýär.

### 12.4.1.3. Çylşyrymly we düzümli odontoma

Odontomalar diş dokumalarynyň nädogry ösmeginiň netijesi bolup durýar. Olaryň çylşyrymly we düzümli görnüşlere bölünmekleri şertlidir. **Çylşyrymly odontomada** süňkleşen diş dokumalary tertipsiz ýerleşen we tokga bir zat emele getirýärler. **Düzümli odontomada** sagdyn dişlerde bolşy ýaly, dogry ýerleşen dişe meňzeş gurluşlar bar.

Odontomalar, köplenç, ýaş adamlarda duş gelýär we diş çykýan döwründe ýüze çykýar. Uly adamlarda seýrek bolmadyk ýagdaýlarda olar süňki inçeldip we äňleriň gyşarmasyny döredip, uly ölçeglere ýetende tötänlikde ýüze çykarylýar. Ösüp, has uly ölçeglere ýetse süňk bardasy we nemli barda deşilýär, çişme hadysasy goşulýar we deşik emele gelýär.

Odontomalaryň rentgen suraty häsiýetlidir. Çylşyrymly odontoma (*170-nji surat*) aýdyň çäklenen birsydyrgyn kölege, dykyzlygy boýunça gyralary düz bolmadyk diş täjiniň kölegesini ýatladýan we onuň daşynda ýagtylanma zolagy (bardasy) görnüşinde ýüze çykýar. Düzümli odontomada dişe meňzeş aýry-aýry goşundylaryň aralaryndaky birleşdiriji dokuma gatlaklara gabat gelýän süňküň seýrekleşme ýerleriniň barlygy netijesinde, çişiň kölegesi birmeňzeş däldir (*171-nji surat*). Adatça, odontomanyň anyklamasy kynçylyk döretmeýär.



*170-nji surat.* Ýokarky äňiň sag tarap çylşyrymly odontomasy (rentgen surat)



*171-nji surat.* Aşaky äňiň düzümli odontomasy (rentgen surat)

Bejergisi odontomany daşynyň bardasy bilen kesip aýyrmakda jemlenendir. Amal keseliň alamatlary ýüze çykanda (äň gyşarmasy, deşik emele gelmegi we ş.m.) görkezilendir. Uly bolmadyk, alamatsyz geçýän we rentgen barlagynda tötänlikde ýüze çykarylan odontoma bejergi talap etmeýär.

### 12.4.1.4. Sementomalar

Sementomalar sement dokumasyna öwrülýän diş gelip çykyşly bolan birleşdiriji dokumadan döreýär we bir ýa-da birnäçe dişiň köki bilen gizlin birleşendir. Sementomalaryň howpsuz geçişi bardyr. Olaryň arasynda howpsuz sementoblastoma (hakyky sementoma), sementleşýän fibroma, kök ujunyň töwereginiň sement displaziýasy (kök ujunyň töwereginiň birleşdiriji dokuma displaziýasy) we mähnet görnüşli sementoma (köpsanly maşgala sementomasy) bar.

**Howpsuz sementoblastoma (hakyky sementoma)**. Bu howpsuz çiş, içinde duzlaşmanyň dürli döwürleri kesgitlenilýän semente meňzeş dokuma emele ge-

tirmegi bilen häsiýetlendirilýär. Çiş keseli, köplenç, aşaky äň uly ýa-da kiçi azy dişleriniň deňesinde duş gelýär we olaryň kökleri bilen gizlin birleşendir.

Adatça, çiş alamatsyz geçýär. Äň gabyk gatynyň erän halatynda el barlagynda güýçli bolmadyk agyry we äň gyşarmasy kesgitlenilýär. Rentgen suratda agarma zolagy görnüşinde barda bilen gurşalan süňk dokumasynyň birsydyrgyn däl duzlaşmasynyň netijesinde ulurak süňk seýrekleşmesi we dykyzlaşmasynyň tegelek görnüşli zaýalanmasy ýüze çykarylýar. Emele gelen çiş doly emele gelmedik diş köküdnen gaýdýan ýaly bolup dur, onuň kök daşynyň yşy çişiň deňesinde kesgitlenilmeýär.

Adaty görnüşinde duzlaşma derejesine baglylykda peýnire meňzeş gaty ýa-da ýumşak bolup, sarymtyl-ak reňkli dokuma bolup durýar. Ulaldyjy enjam barlagynda çiş dürli derejeli duzlaşmasy bolan semente meňzeş dokumadan durýar. Çişiň ýumşak dokuma bölegi özünde osteoklastlar we uly, güýçli reňklenilýän bir maňyzly öýjükler bolan damarly dykyz birleşdiriji dokumadan durýar.

Bejergisi amal arkaly, çişi bardasy bilen kesip aýyrmakda jemlenendir.

**Sementleşýän fibroma** – seýrek duş gelýän howpsuz çiş. Alamatsyz geçýär, uly ölçeglere ýetende ýüzüň gyşarmasyna eltýär. Ýokarky äňde ýerleşende, çiş ýokarky äň boşlugyna ýaýraýar. Rentgen suratda süňküň anyk çäkleri bolan birsydyrgyn däl seýrekleşme ojagy kesgitlenilýär. Dokuma gurluş görnüşi keseliň geçişiniň döwürlerine bagly bolup durýar: irki döwürde fibroblastik we has giçki döwürlerde, semente meňzeş görnüşler.

Bejergisi çişi bardasy bilen kesip aýyrmakda jemlenendir.

**Kök ujunyň töwereginiň sement displaziýasy** özüniň asyl özen gurluşy boýunça süňküň birleşdiriji dokuma displaziýasyna meňzeş sement dokumasynyň emele gelşiniň bozulmasy bolup geçýän çişe meňzeş keseldir.

Bu seýrek kesel, çiş hadysasy diňe bir süňk dokumany zaýalamak bilen çäklenmän, eýsem, birnäçe dişleriň köklerini hem çekmeklik bilen äňi tutuşlaýyn zaýalaýar. Alamatsyz, äň bildirip duran gyşarmasy bolmadyk ýagdaýynda geçýär, köplenç, sogrulan dişiň köküniň döwülmegi boýunça geçirilen rentgen barlagynda tötänlikde ýüze çykarylýar. Rentgen suratda kök daşynyň yşy bolmadyk dişleriň kökleri bilen gönüden-göni birleşen, uly, dykyz kölegeleriň gezekleşmesi görnüşinde ýaýraň zaýalanma üýtgemeler ýüze çykarylýar.

Öýjük derejesinde kiçi gurluşy boýunça sementleşýän fibroma meňzeş. Amal bejergi geçirmeýärler, gözegçilik etmek maslahat berilýär.

**Mähnet görnüşli sementoma (köpsanly maşgala sementomasy)** has seýrek, käwagtlar maşgalanyň birnäçe agzalarynda duş gelýär. Iki äň hem dürli ýerlerinde ýerleşýän, agyry duýgularyny döretmeýän dykyz duzlaşma görnüşinde ýüze çykýar. Rentgen suratda, köplenç, äňiň iki tarapynyň birmeňzeş ýerlerini eýeleýän dykyz kölegeler kesgitlenilýär. Olarda dokumanyň nädogry ösmeginiň netijesi diýen pikir hem bar.

Bejergisi kesel alamatlaryna garşy görnüşde geçirilýär.

### 12.4.1.5. Miksoma (miksofibroma)

Diş sebäpli miksoma – ýerli içine siňýän ösüşi bolan howpsuz çiş. Onuň bardasy bolmaýar we süňki zaýalap, ýumşak dokumalaryň içine ösýär. Nemli madda ýygnaýanlygy sebäpli, adatça, çiş çalt ösýär. Gaýtalanmasy ýygy bolýar, daşgyn synalara ýaýramaýar. Esasan, ýaş hem-de orta ýaşly adamlarda duş gelýär.

Kesel alamatlarynyň ýüze çykmalarynyň bellibir häsiýeti ýok. Çişiň ýerleşen ýerinde äň agyrysyz gübermegi ýüze çykýar. Çişiň çäklerinde dişler yrgyldap we gyşaryp, kökleri bolsa eräp bilýär. Rentgen suratda aralary süňk perdejikleri bilen bölünen kiçijik öýjük-öýjük çiş görnüşinde süňk zaýalanmasy kesgitlenilýär (sabynly suw köpürjikleri şekilinde).

Adaty görnüşinde çiş dokumasy çalymtyl reňkli, neme meňzeş maddaly, ýumşak dykyzlykly. Ulaldyjy enjam barlagynda ol neme meňzeş birleşdiriji dokuma esasda ýatan togalak we burçlak öýjüklerden durýar. Miksomada, köplenç, dürli birleşdiriji dokuma alamatlary bolýar we şeýle ýagdaýlarda çişe miksofibroma, miksohondroma we ş.m. atlar berilýär.

**Bejergisi.** Äňiň bölegini kesip aýyrmak görkezilen.

### 12.4.2. Äňleriň diş sebäpli kistalary

Äňleriň diş sebäpli kistalary boşluk görnüşlerinde bolup, onuň bardasy iki gatdan: daşkysy birleşdiriji dokumadan we içkisi, esasan, köpgatly ýasy örtgi dokumadan durýar. Kista boşlugy, adatça, düzüminde holesteriniň duzlary bolanlygy sebäpli, ýalpyldaýan sary reňkli dury suwuklyk bilen dolan, käwagtlar (keratokista bolanynda) çal reňkli çekizä meňzeş madda saklaýar. Onuň ösüp ulalmagy kistanyň içiniň basyşynyň hasabyna amala aşýar we daşyny gurşap alan süňk dokumanyň çöküp kiçelmegine hem-de örtgi dokumanyň öýjükleriniň köpelmegine getirýär. Diş sebäpli kistalaryň sebäpleri we döreýişleri dürlüdir. Esasynda kök ujunyň töwereginiň dokumalarynyň çişme hadysasy ýatan görnüşini kök kistasy diýip atlandyrýarlar.

Beýleki kistalar diş gelip çykyşly örtgi dokumanyň ösüş bozulmasy bolup durýar. Olaryň arasynda ilkinji döreýişli kista (*keratokista*), diş saklaýan kista, diş çykmagynyň kistasy we diş etiniň kistasy bardyr.

Äňleriň kistalary ýygylygy boýunça diş sebäpli beýleki çişleriň arasynda birinji ýerde durýarlar. Olar dürli ýaşly adamlarda duş gelýär, aşaky äňe görä ýokarky äňde 3 esse köp duş gelýär.

#### 12.4.2.1. Kök kistasy

Kista dişiň kök ujunyň töwereginiň dokumasynda üznüksiz çişme hadysasy bolup geçeninde döreýär.

Geçişi boýunça kök kistasy döwlen ýa-da bejerilen dişde, käwagt sagdyn ýaly, emma ozal şikes ýeten dişde, seýrek halatda sogrulan dişiň ýerinde ýüze çykýar.

Kista haýal, näsaga bildirmän, birnäçe aýlaryň we hatda ýyllaryň dowamynda, ýakymsyz duýgular döretmän ösýär. Esasan, agyz boşlugynyň bosagasyna tarap, gabyk gatlagy ýukaldyp we äňiň belli böleginiň gübermegine getirip, ýaýrap ösýär.

Köki kentlewük tarapa ýerleşen dişden kista döräninde kentlewük süňküniň ýukalmagy we hatda eremegi hem bolup bilýär. Ýokarky äň we burun boşluklarynyň serhetlerinde dörän kistalar sanalan boşluklara tarap ösýär.

Gözden geçirilende, agyz boşlugynyň bosagasynyň geçiş ýygyrdynyň düzlenmegi ýa-da anyk çäkleri bolan togalak görnüşli güberçekligi ýüze çykarylýar. Kentlewükde ýerleşende çäklenen güberçek kesgitlenilýär. El barlagynda kistanyň üstüniň süňk dokumasy egrelip çökýär, onuň has beter ýukalan halatynda, kagyz hytyrdysy diýlip atlandyrylýan alamat (Dýupýuitreniň alamaty), süňk dokumasy bolmadyk ýagdaýynda bolsa, bulkuldy kesgitlenilýär. Kistanyň deňesinde ýerleşen dişler gyşaryp bilýär, olaryň elektro duýgurlygynyň peselendigini ýüze çykarýar. Sebäpkär dişe kakmak kütek ses berýär, elektrotoga duýgurlyk bolmaýar.

Seýrek bolmadyk halatlarda kistany onuň içiniň suwuklygynyň iriňlän ýagdaýynda, periostite, ýokarky äň boşlugynyň üznüksiz çişmesine meňzeş bolan töwereginiň ýumşak dokumalarynyň çişme hadysasy dörände ýüze çykarýar.

Rentgen surat görnüşi süňk dokumasynyň anyk çäkleri bolan tegelek görnüşli seýrekleşmesi bilen häsiýetlendirilýär. Kista boşlugynyň içine sebäpkär dişiň köki girip durýar (*172-nji surat*). Gapdalyndaky dişleriň kökleriniň kista boşlugy bilen gatnaşygy dürli-dürlüdir. Eger kökler kista boşlugyna girip duran bolsalar, onda rentgen suratda bu dişleriň öýjüklerini emele getirýän süňk dokumalarynyň eränligi netijesinde kök daşynyň ýşlary bolmaýar. Eger-de kök daşynyň ýşy kesgitlenilýän bolsa, onda beýle dişler diňe kistanyň deňesinde ýerleşýärler we hakykatda bolsa olaryň kökleri doly ýa-da bölekleýin äň haýsydyr bir diwarynda ýerleşýär. Käbir ýagdaýlarda sagdyn dişleriň köklerini ösüp gelýän kista süýşürýär.



*172-nji surat.* Ýokary äňiň 12-nji dişiniň kök kistasy (rentgen surat)

Aşaky äň uly kistasy onuň zeperlenme döwügine getirip biler (*173-nji surat*). Ýokarky äň boşlugynyň çäklerinde ýerleşen kista onuň düýbi bilen dürli gatnaşykda bolýar. Üýtgemedik süňk düýbüniň bolmagy boşluga golaý bolan kistalara häsiýetlidir. Süňk düýbüniň ýukalmagy we boşluga tarap gümmez şekilinde süýşmegi boşlugy gysýan kista häsiýetlidir.



*173-nji surat.* Aşaky äňiň bedeniniň kista ýeriniň zeperlenme döwügi (rentgen surat)

Boşlugyň içine girýän kista olaryň arasynda süňk perdesiniň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýär, bu ýagdaýda ýokarky äň boşlugynyň görnüşinde gümmez şekilli ýumşak dokuma kölegesi kesgitlenilýär.

Keseliň geçişi we rentgen suratynyň esasynda kök kistasynyň anyklamasy, adatça, kynçylyk döretmeýär. Gümana ýagdaýlarda kistanyň sanjymy we onuň içiniň suwuklygynyň öýjük barlagy geçirilýär.

Ulaldyjy enjam barlagynda kök kistasynyň bardasy, köplenç, togalak öýjükli çişme gataňsylygy bolan birleşdiriji dokumadan durýar we onuň içi buýnuzlaşmaýan köpgatly ýasy örtgi dokuma bilen örtülen.

Kök kistasynyň bejergisi amal görnüşinde: sistektomiýany, sistotomiýany we plastiki sistektomiýany ulanýarlar.

### 12.4.2.2. Ilkinji döreýişli kista (keratokista)

Ilkinji döreýişli kista, esasan, aşaky äňde döreýär. Kesel bildirmän ösüp başlaýar we uzak wagtyň dowamynda ýüze çykmaýar. Soňra äňiň bellibir ýeriniň haýsy-da bolsa bir uly azy dişiniň deňesinde, agyrysyz, sehelçe güberçek döreýär. Näsaglaryň bir böleginde kistany ýokançly çişme hadysa birleşenden soňra ýüze çykarýarlar, käwagt bolsa başga kesel boýunça rentgen barlag geçirilende, tötänlikde ýüze çykarýarlar.

Keratokista äň uzynlygy boýunça ýaýraýar we süňküň has bildirip duran gyşarmasyna getirmeýär. Şonuň üçin-de ony uly ölçeglere ýetende ýüze çykarýarlar. Ilkinji döreýişli diş sebäpli kistanyň kesel alamatlary äňleriň beýleki kistalaryndan



*174-nji surat.* Aşaky äňiň çep tarap ilkinji döreýişli kistasy (rentgen surat)

tapawutlanmaýar. Rentgen suratda anyk çäkleri bolan köp boşlukly zaýalanma sudurlary bolan süňk dokumanyň giňişleýin seýrekleşmesi görnüşinde ýüze çykýar we bu ýagdaýda süňküň eremeginiň birsydyrgyn bolmazlygy köp öýjüklidigi barada pikir döredýär (*174-nji surat*).

Ilkinji döreýişli diş sebäpli kistany ameloblastomadan tapawutlandyrmak gerek. Gutarnykly kesel kesgitlemesi çişiň kesilip alnan böleginiň dokuma barlagyndan soňra goýulýar. Hökmany süňk dokumasyny we bardasyny kesip aýyrmak bilen geçirilýän sistotomiýa amaly barlag üçin açyk usul bilen çişiň dokuma bölejigini kesip almak we şol bir wagtyň özünde hirurgik bejerginiň birinji tapgyry bolup durýar.

Adaty görnüşde ilkinji döreýişli diş sebäpli kista daşy bardaly we içi çal reňkli ýakymsyz ysy bolan bellibir görnüşsiz maddaly, daş-töwereginiň süňk dokumasyna tarap aýlaw şekilli ösen ýeke-täk boşluk görnüşinde bolýar. Ulaldyjy enjam barlagynda ol ýukajyk birleşdiriji dokuma bardasy, içi bolsa buýnuzlaşýan köpgatly ýasy örtgi dokuma bilen düşelen görnüşinde häsiýetlendirilýär.

**Bejergisi.** Kistanyň gaýtalanmasynyň döremek we howply häsiýete geçmek ukyby bolany sebäpli bardasyny doly aýyrmak görkezilen. Sistektomiýa geçirip bolmaýan halatynda iki tapgyrlaýyn amal usulyny ulanýarlar.

### 12.4.2.3. Diş saklaýan kista

Bu kista çykmadyk dişiň syrça synasyndan, aglaba ýagdaýlarda üçünji uly azy we gyýak dişlerden döreýär. Diş saklaýan kistanyň geçişiniň alamatlary äňleriň beýleki kistalarynda ýüze çykýan alamatlary bilen meňzeş, emma dişler gözden geçirilende, goşalanan dişden döräninden başga ýagdaýlarda, kistanyň ýerleşen ýeriniň deňesinde dişleriň biriniň ýoklugy häsiýetlidir.

Rentgen suratda anyk düz çäkleri bolan bir ojak görnüşinde süňk dokumasynyň seýrekleşmesi kesgitlenilýär we onuň içinde täji kista boşlugyna tarap bakan ýa-da onuň diwaryna degýän çykyp bilmedik dişiň barlygy ýüze çykarylýar (*175-nji surat*). Diş saklaýan kistany ameloblastomadan we ilkinji döreýişli diş sebäpli kistadan tapawutlandyrmak gerek.

Adaty görnüşde içi barda bilen örtülen we düzüminde holesteriniň duzlaryny saklaýan sarymtyl reňkli dury suwuklykly bir öýjükli boşluk kesgitlenilýär. Boşlugyň içinde, köplenç, sebäpkär dişiň täji ýüze çykarylýar.

Ulaldyjy enjam barlagynda kistanyň bardasy ýukajyk birleşdiriji dokuma gatyndan durýar hem-de onuň içi galyňlygy 2-3 öýjük bolan köpgatly ýasy örtgi dokuma bilen düşelen.



*175-nji surat.* Aşaky äňiň bedeniniň diş saklaýan kistasy (rentgen surat)

Bejergisi çykyp bilmedik dişi aýyrmak üçin geçirilýän sistektomiýada ýa-da iki tapgyrlaýyn amal bilen geçirilýär.

### 12.4.2.4. Diş çykmagynyň kistasy we diş etiniň kistasy

Kistalaryň iki görnüşi hem seýrek duş gelýär. Diş çykmagynyň kistasy dişiň çykmaly ýerinde çäklenen, uly bolmadyk diş etiniň gögümtil reňkli ýellenmesi görnüşinde ýüze çykýar we ol dişiň täjiniň üstünde ýerleşýär. Amal bejergi diş çykmaklygy saklanan ýagdaýynda gerek bolýar.

Diş etiniň kistasy diş etiniň örtgi dokumasynyň öýjükleriniň galyndylaryndan döreýär we äň diş saklaýan ýerlerini örtýän ýumşak dokumalarda ýerleşen uly bolmadyk düwün görnüşli bolýar.

Bejergini, adatça, talap etmeýär.

### 12.4.2.5. Äň kistalarynyň bejergisi

Iki esasy amal usuly bar: sistektomiýa we sistotomiýa. Ýokarky äň boşlugy bilen habarlaşýan kistalarda ýokarky äň boşlugyny açmak amaly bilen bir wagtda geçirilýän agyz-burun sistektomiýany we sistotomiýany geçirýärler. Mundan başga-da, plastiki sistektomiýa we kistanyň iki tapgyrlaýyn amal görnüşleri bar. Olary geçirmäge bolan görkezmeler kistalaryň sebäplerine we geçişine, olaryň ölçeglerine we kista içine çekilen dişleriň sanyna bagly bolup durýar.

**Sistektomiýa.** Bu düýpli amal bolup, onda kistanyň bardasy doly aýrylyp, ýara tikilýär. Sistektomiýa bolan görkezmeler: 1) diş gelip çykyşy bolan örtgi dokumanyň nädogry ösüşiniň netijesi bolan kista; 2) 1-2-nji sagdyn dişiň çäklerinde ýerleşen uly bolmadyk ölçeglerdäki kista; 3) töwereginde diş bolmadyk we zeperlenme döwülmeginden goraýan aşaky gyrasynyň ýeterlik galyňlygy bolan (1 *sm-e* çenli) aşaky äňiň uly kistasy; 4) burun boşlugynyň düýbüniň süňk diwarynyň saklanmagy, şeýle hem ýokarky äň boşlugyna ýanaşyk bolan ýa-da ony çişme hadysasyz gysyp durmagy bilen ýokarky äň uly ölçeglerdäki, dişi bolmadyk kistasy (*176-njy a, b, ç, d suratlar*).

Kistanyň döremegine getiren bir kökli dişi petikleýiş sementini kök ujundan çykarmak bilen petikleýärler. Köp kökli dişi, adatça, saklap galyp bolmaýar we ony çykman galan diş ýaly, amal wagty sogurýarlar.

Kista boýunça ýerleşen we rentgen suratda kök daşynyň yşy görünýän sagdyn dişleriň hökmany elektro anyklaýyş barlagy geçirilmelidir. Elektrik toga duýgurlygy bolmadyk halatynda degişli bejergi geçirilýär. Dişiň elektrotoga pes duýgurlygy amaldan soňra kadalaşyp biler. Eger rentgen suratda kök daşynyň yşy görünmeýän we dişleriň elektrik toga duýgurlygy ýok bolsa, onda beýle dişleriň sistektomiýanyň öňünden pulpasy aýrylan we bejerilen bolmalydyr.




*176-njy a, b, ç, d suratlar.* Sistektomiýa. Ýokarky äňde geçirilişiniň tapgyrlary (taslamasy):
*a* – süňke çenli ýarym aýlaw şekilli kesmek we süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini goparmak; *b* – süňk deşigini döretmek we kistanyň bardasyny goparmak; *ç* – diş köküniň ujuny kesip aýyrmak; *d* – tikilen ýaranyň görnüşi

Amaly sebitleýin we siňdirme agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrýarlar. Äň öýjükli ösüntgisiniň agyz bosagasy tarapynda nemli bardany süňke çenli kesmek bilen düýbi geçiş ýygyrdyna ýerleşdirilen ýarym aýlaw ýa-da dörtburç şekilli nemli bardaly-süňk barda kesim bölegini döredýär. Dişler bolan halatynda kesim böleginiň ujy diş etiniň gyrasyna 0,5-0,7 *sm*-e ýetmän galmalydyr, amal wagty diş sogrulýan bolsa kesmekligi dişiň öýjügi boýunça geçirýärler. Eger kista dişiň boýunjygyna ýakyn ýerleşen bolsa, onda kesim bölegini diş etiniň emzijekleri hem-de diş etiniň gyrasy bilen bilelikde döredýärler. Ululygy boýunça kesim bölegi kistanyň ölçeglerinden uly bolmalydyr: ony dörejek süňk kemtigini erkin ýapar ýaly hem-de tikinleriň ugry kemtige gabat gelmez ýaly ölçeg bilen döredýärler. Nemli bardaly – – süňk barda kesim bölegini süňkden süňk gopargyjy bilen goparýarlar.

Sebäpkär dişiň köküniň ujunyň deňesinde süňküň ýüzünde geljekki dörejek kemtigiň ölçegleri boýunça diş gyryjy enjamyň kömegi bilen deşikler deşýärler we olary biri-biri bilen birleşdirýärler.

Emele gelen tegelek görnüşli süňk bölegini aýyrýarlar, kistanyň öň tarap diwaryny açýarlar. Süňküň ýukalan ýerleri bolanda, kemtigi süňk kertgiji ýa-da diş gyryjy enjam bilen giňeldýärler. Süňk kemtiginiň ölçegleri kistany doly görmäge we dişiň köküniň ujuny kesip aýyrmaga ýol bermelidir. Süňk gopargyjynyň, egri gaňyrgyjyň we hirurgik çemçäniň kömegi bilen aşagynyň süňkünden ýeňillik bilen aýrylyp-goýulýan kistanyň bardasyny goparýarlar, emma sebäpkär dişiň köki bilen baglanyşygy galýar. Bardany aýyrmak üçin köküň ujuny sebitiniň süňküniň deňe-

sinde gyryp kesýärler we kistany kök ujy bilen tutuşlygyna çykarýarlar. Köküň ujy kesilip aýrylandan soňra süňküň deňesinde bu ýerde galan bardanyň galyndylaryny gyryp aýyrmak bolýar we bu çäre kistanyň gaýtalanmasynyň öňüni alýar.

Dişiň galan bölegi gözden geçirilende, akabada petikleýji sementiň barlygyny anyklamaly, bolmadyk halatynda yz tarapdan petiklemek gerek. Beýle etmek kök akabasyndan ýokanjyň düşmegi netijesinde süňk ýarasynyň çişmesiniň öňüni alýar.

Kistanyň bardasy aýrylanyndan soňra ozal kök akabalary petiklenip taýýarlanylan dişleriň kökleri hem ýaňalaçlanýarlar we olaryň uçlary kesilip aýrylýar. Soňra süňk boşlugynyň barlagyny geçirýärler, petikleýji maddanyň bölejiklerinden arassalanylýar, süňküň uçly we ýiti gyralary düzlenilýär. Boşluk ýaranyň bitmeginde ygtybarly biologik ýardamy bolan gan lagtasy bilen dolýar. Amaldan soňraky boşlugy zyýansyzlandyryjylar bilen ýuwmak, şeýle hem onuň içine ýokanja garşy dermanlary goýbermek görkezilen däl. Uly ölçeglerdäki kistalarda süňk döremegini güýçlendirmek üçin amal wagty ony gyryndy, un we ş.m. görnüşdäki süňk bilen doldurmak maksadalaýykdyr.

Kesim bölegi ýygrylan ýagdaýynda onuň düýbi boýunça süňk bardasynda keseligine kesmek arkaly ony boşatmak gerek. Soňra ýaranyň beýleki gyrasy 2-3 *mm* daşlykda süňkden goparylýar. Kesim bölegi ýerine goýulýar, ýaranyň gyralary ketgut, käwagt ýüpek sapagy bilen aýry-aýry düwün bilen tikilýär. Daşyndan ýaňagyň we dodagyň hereketlerini çäklendirmek üçin hem-de amal meýdanynda rahatlyk döretmek üçin, azyndan 4-5 günüň dowamynda basyp duran sargy goýulýar. Agyrysyzlandyryjy, gistamine garşy serişdeler bellenilýär, görkezmeler boýunça çişmä garşy bejergi geçirilýär. Näsag 6-7 gün zähmete ukypsyz bolýar.

Süňk ýarasynyň bitmegi diş sogrulandan soňra bolşy ýaly, gan lagtasynyň hasabyna bolup geçýär. Uly süňk boşlugy bolanda rentgen surat barlagy uzak wagtyň dowamynda (1-2 ýyla çenli) kiçelmek meýli bolan we soňra süňküň doly dikelmegine getirýän süňküň seýrekleşme ýerini görkezýär.

Köplenç, ýokarky ikinji alyn dişden dörän kista kentlewüge tarap ösýär we kentlewük süňk gabyk gatlagynyň eremegine getirýär. 1,5-2 *sm*-den uly bolan süňk kemtiginde kistanyň bardasyny goparmak kyn bolýar, sebäbi kistanyň diwary gönüden-göni kentlewügiň süňk bardasy bilen birleşýär. Şol sebäpli hem kentlewük süňk gabyk gatlagynyň 2 *sm* we ondan-da uly kemtigi bolan ýagdaýynda kentlewük tarapdan sistotomiýa geçirmek maslahat berilýär.

**Sistotomiýa.** Bu kistanyň diňe öň tarap diwary aýrylyp-goýulýan usuldyr we boşlugy agyz bosagasy ýa-da agyz boşlugy bilen habarlaşdyryp goýýarlar. Amal kistanyň içki başyşyny aradan aýyrýar we süňküň garşylyklaýyn ösüşi netijesinde kista boşlugynyň doly ýitmegine çenli kiçelmegine we düzlenmegine getirýär. Amal ýönekeý, az şikesli, näsaglar tarapyndan ýeňil geçirilýär, emma agyz arassaçylygyny talap edýän uzak wagtlyk amaldan soňraky kemtik saklanyp galýar (*177-nji a, b, ç, d suratlar*).

Sistotomiýa bolan görkezmeler: 1) boşlugyna 3 we ondan-da köp sagdyn diş girip duran kista; rentgen suratda dişleriň kök daşynyň yşlary kesgitlenilmeýär; 2) burun boşlugynyň süňk düýbüniň we kentlewük süňk gabyk gatlagynyň zaýalanmagy



a) b) ç) d)

*177-nji a, b, ç. d suratlar.* Sistotomiýa. Ýokarky äňde geçirilişiniň tapgyrlary (taslamasy):
*a* – kesim geçirilip süňk bardaly – nemli barda kesim bölegi goparylyp süňk diwar aýrylan; *b* – kistanyň öň tarap diwary kesilip aýrylan; *ç* – sebäpkär diş sogrulan we süňk bardaly- nemli barda kesim bölegi boşlugyň içine düşelen; *d* – kistanyň boşlugy kseroformly hasa peltesi bilen doldurylan

bilen ýokarky äňiň uly kistalary; 3) aşaky gyrasynyň örän inçelmegi bilen (süňküň galyňlygy 1-0,5 *sm*-den inçe) aşaky äň örän uly kistalary we munda kista bardasynyň bir bölegini saklap galmak zeperlenme döwüginiň öňüni alyş çäresiniň biri bolup durýar; 4) näsagyň ýaşynyň gartaşan we bile geçýän agyr umumy keseliniň bolmagy.

Sistektomiýadan tapawutlylykda sistotomiýada dişleriň amalyň öňünden geçirilýän taýýarlygy diňe sebäpkär dişe degişlilikde geçirilýär, beýleki dişler kistanyň içine girip dursalar-da, onuň bardasy bilen örtülen bolýarlar. Aşaky äňiň örän uly kistalarynda zeperlenme döwüginiň öňüni almak üçin äňleri seýikleýärler.

Amaly ýerli agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrýarlar. Sistektomiýadaky ýaly ýarym aýlaw görnüşli nemli bardaly- sünk barda kesim bölegi döredilýär, emma onuň ölçegi geljekki süňk kemtiginden uly bolmaly däl. Sebäpkär diş saklanylanynda kesim böleginiň düýbi diş etiniň gyrasynda ýerleşip biler we kesim bölegi kesilip aýrylan köküň galan ýerini ýapmak üçin ulanylýar (*178-nji a, b, ç suratlar*). Süňk diwary ýalaňaçlanandan soňra, diş gyrylýan enjam bilen kistanyň öň tarap diwaryny onuň bitýän döwri süňk kemtiginiň kiçelýänligi sebäpli, mümkin boldugyça uly edip açýarlar.



a) b) ç)

*178-nji a, b, ç suratlar.* Sebäpkär dişi saklap galmaklyk bilen geçirilýän sistotomiýada kesim böleginiň döredilişi (taslama):
*a* – esasyny diş etiniň gyrasyna tarap bakdyryp dokumalary kesmeklik; *b* – amaldan soňra kesim bölegi kistanyň içine düşelen we ol ujy kesilip aýrylan köküň üstüni ýapýar; *ç* – amaldan soňra gapdaldan görnüşi

Kista boşlugyny ýuwýarlar, nemli bardaly – süňk barda kesim bölegini içine ýazýarlar we edil boşlugyň girelgesinde kseroformly hasa bilen saklaýarlar. Käbirleri içine yazylan kesim bölegini tikin bilen kistanyň bardasyna berkidýärler, şeýle-de kistanyň diwaryny agyz boşlugynyň bosagasynyň nemli bardasynyň ýarasyna hem tikýärler.

Amaldan 6-8 gün soňra kseroformly dykyny çalyşýarlar, bu wagta çenli ol nemlenýär we gopup başlaýar. Şonuň ýaly çalyşmagy 3 gezege çenli, seýrek ýagdaýda 4 gezek amala aşyrýarlar. 3-nji hepdäniň ahyryna çenli, adatça, ýaranyň gyralary örtgi dokuma bilen bitýär we bosaga ýa-da agyz boşlugy bilen habarlaşýan goşmaça boşluk emele gelýär.

**Agyz-burun *sistektomiýa* we agyz-burun *sistotomiýa*.** Amallary ýokarky äň boşlugynyň içine ösen ýa-da ýokarky äň boşlugynyň üznüksiz çişme keseli bolup, ony gysýan kistalarda ulanýarlar. Amalyň manysy, ýokarky äň boşlugyny kista boşlugy bilen birleşdirmek we emele gelen ýeke-täk boşlugy aşaky burun geçelgesi bilen habarlaşdyrmak bolup durýar. Agyz-burun sistektomiýa görkezme bolup kistanyň çäklerinde dişleriň bolmazlygy ýa-da oňa 1-2 dişiň kökleriniň girmegi, şeýle hem diş gelip çykyşly bolan örtgi dokumanyň nädogry ösüşiniň netijesi bolan kistalar bolup durýar. Agyz-burun sistotomiýany köpsanly sagdyn dişleriň kökleriniň kistanyň içine girip duran ýagdaýynda we bile geçýän keseli bolan näsaglarda ulanýarlar.

Ýokarky äň boşlugynyň çişme keseli boýunça geçirilýän amalda edilişi ýaly, ýokarky äň boşlugynyň öň tarap diwaryny aýryp kistany açýarlar. Agyz-burun sistektomiýada kistanyň hemme bardasyny aýyrýarlar, ýalaňaçlanyp duran kökleriň uçlaryny kesip aýyrýarlar, aralaryndaky süňk germewleri aýryp, kista boşlugyny ýokarky äň boşlugy bilen birleşdirýärler. Boşlukdan diňe polipler bilen üýtgän nemli bardany gyryp aýyrýarlar, aşaky burun geçelgesi bilen aralykda deşik döredýärler, boşlugy kseroformly hasa peltesi bilen dolduryp, onuň ujuny burunda döredilen deşikden çykarýarlar. Amaly agyz boşlugynyň bosagasynyň ýarasyny tikmek bilen tamamlaýarlar.

Agyz-burun sistotomiýada kistanyň bardasynyň diňe öň tarap we ýokarky böleklerini aýyrýarlar we sagdyn dişleriň kistanyň içine girip duran kökleriniň uçlaryny kesip aýyrmaýarlar (*179-njy a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*179-njy a, b suratlar.* Agyz-burun sistotomiýa (taslama):
*a* – ýokarky äň boşlugyna tarap ösen kista; *b* – amaldan soňraky görnüş

Agyz-burun sistektomiýa hem adaty sistektomiýa ýaly düýpli amal bolup durýar we agyz-burun sistotomiýa bilen deňeşdirilende, has şikeslidir.

Plastiki sistektomiýa kista bardasynyň doly aýrylyp, emma emele gelen ýara tikilmän, nemli bardaly – süňk barda kesim bölegini boşlugyň içine ýazyp, ksero-formly hasa bilen doldurylyp geçirilýän amaldyr. Ony seýrek we esasan, iriňlän diş saklaýan ýa-da keratokistalarda, ýaranyň ilkinji birleşme bilen bitmegi gümana bolanynda ulanylýar.

Çişme hadysa bilen gaýrüzülen sistektomiýanyň soňy hem bu amal ýaly bolup biler.

**Iki tapgyrlaýyn amal.** Amal bejerginiň bu görnüşi amallaryň ikisini hem özünde jemleýär. Ony örän uly kistalarda – gaýtalap we howply häsiýete geçip biljek diş gelip çykyşly bolan örtgi dokuma (diş saklaýan we keratokista) nädogry ösüşiniň netijesi bolan, şeýle hem burun boşlugynyň süňk düýbüniň zaýalanmagy bilen ýokarky äň, tutuş bedeni we şahany eýeleýän aşaky äň kök kistalarynda ulanylýar. 1-nji tapgyrda kistanyň içki basyşyny aýyrýan amaly amala aşyrýarlar – – sistotomiýadaky ýaly agyz boşlugy bilen habarlaşýan deşik döredýärler; kiçiräk bolmaly, emma uzak wagtyň dowamynda kista boşlugynyň suwuklygy akyp biler ýaly ýeterlik ölçegde bolmalydyr. 2-nji tapgyrda bellibir wagt geçenden soňra sistektomiýany amala aşyrýarlar (ortaça, 1-1,5 ýyl soňra).

Iki tapgyrlaýyn amal aýawly, az şikesli bolup, ony gatnaw şertlerinde hem amala aşyrmak mümkin. Ol keseliň eýeleýän ýeriniň ululygyna garamazdan, äň şekilini we ölçeglerini saklamaga ýol berýär we näsagyň doly sagalmagyna getirýär.

## 12.5. TÜÝKÜLIK MÄZLERIŇ ÇIŞLERI, ÇIŞE MEŇZEŞ KESELLERI WE KISTALARY

Tüýkülik mäzleriň çişleri we kistalary ýüzüň we äňleriň ähli çişleriniň arasynda, takmynan, 20%-ini düzýär.

### 12.5.1. Tüýkülik mäzleriň çişleri

Dokuma gelip çykyşy boýunça tüýkülik mäzleriň örtgi we örtgi däl çişleri bar. Örtgi dokuma çişler syna mahsus bolup durýarlar we tüýkülik mäzleriň ähli çişleriniň 98%-den gowragyny tutýar.

Örtgi dokuma çişleriniň görnüşleri: adenomalar – garyşyk düzümli we özüniň birnäçe görnüşi bolan bir düzümli, nemli örtgi dokuma meňzeş çiş, şeýle hem karsinomalar topary – adenokistoz, adenokarsinoma, nemli örtgi dokuma meňzeş we garyşyk düzümli adenomadaky karsinomalar. Bu çişler, esasan, uly tüýkülik mäzlerinde duş gelýär, emma käwagtlar kiçi nemli-tüýkülik mäzlerde hem duş gelýärler.

**Anyklamasy.** Tüýkülik mäzleriň çişleriniň anyklamasy, esasan, keseliň geçişiniň we (seýrek) rentgen surat maglumatlaryna esaslanandyr. Dokuma gurluşy

boýunça görnüşiň aýdyňlaşdyrylmasy çişiň sanjymynyň öýjük barlagy, gümana kesel kesgitlemesinde tutuş aýrylan çişiň dokuma barlagy bilen geçirilýär. Uly tüýkülik mäzleriniň açyk usulda barlag üçin çişiň dokuma bölejigini kesip alynmaklygy ulanylmaýar.

Deňeşdirme anyklamasy üçin ýodolipol ýa-da başga rentgen görkeziji serişdeler bilen geçirilen sialografiýan ulanylýar. Howpsuz çişde sialogrammada görkeziji serişdäniň ähli akabalary dürli derejede dolduranlygy kesgitlenilýär, emma howply çişlerden tapawutlylykda çişiň ýerleşen ýerinde akabalar dar, gysylan we süýşürilen. Howply çişlerde akabalaryň dolmagynyň kemtigi bildirýär we olar üzülen, kesilen ýaly bolup görünýär. Mundan başga-da, goşa rentgen görkeziji usuly hem ulanylýar: sialografiýanyň töwereginiň öýjükli dokumalaryna kislorod ýa-da howa goýberip geçirilmegi.

### 12.5.1.1. Garyşyk çiş (pleomorf adenoma)

Has köp ýaýran howpsuz çiş, dürli maglumatlara görä, tüýkülik mäzleriniň ähli örtgi dokuma çişleriniň 70%-ini tutýar. Ýerleşýän ýeri boýunça birinji ýerde gulakýany tüýkülik mäzi durýar, ikinji ýerde kentlewügiň nemli – tüýkülik mäzleri, soňra degişlilikde äňasty, dilasty mäzler we dodaklaryň, ýaňaklaryň, diliň kiçi tüýkülik mäzlerinde duş gelýär.

Garyşyk çiş agyrysyz, haýal, birnäçe ýyllaryň dowamynda ösýär we ýüzüň gyşarmasyny döredip, uly ölçeglere ýetip bilýär. Barlanylanynda tüýkülik mäziniň ýerleşen ýerinde süýşýän, köplenç, üsti büdür-südür bolan çiş kesgitlenilýär. Dykyzlygy gaty we çeýe, käwagt neme meňzeş suwuklyk sebäpli ýumşan ýerleri hem kesgitlenilýär. Onuň üstüniň derisi üýtgemeýär, erkin ýygyrt atýar. Mäziň tüýkülik çykaryjylyk ukyby bozulmaýar. Garyşyk çişiň bardasy bar, ýöne bardasy hemme ýerini örtmän hem bilýär we munuň ýaly ýagdaýda çiş öýjükleri gurşap alan mäz dokumasynyň içine ösýär. Diňe bardasynyň çäklerinde kesilip aýrylandan soňra çişiň gaýtalanmasyny şunuň bilen düşündirýär.

Kesel kesgitlemesini çişiň iňňede alynýan owuntyk görnüşli agymtyl sanjym maddanyň öýjük barlagy bilen takyklaýarlar.

Adaty görnüşde garyşyk çiş ýukajyk, aňyrsy görünýän bardaly, kesilende çeýe, aşa meňzeş agymtyl-çal reňkli maddaly, suwjaryp we gataňsy bolup duran ýerleri bolan çiş görnüşinde bolýar.

Ulaldyjy enjam barlagynda bildirip duran örtgi dokumadan başga-da, öz düzüminde muskul örtgi öýjükleriň arasynda ýygnanýan neme meňzeş ýa-da gialinli maddalaryň barlygy bilen düşündirilýän miksoid ýa-da ketirdewüge meňzeş gurluşlardan durýan özene meňzeş dokuma hem bar.

**Bejergisi.** Äňasty we dilasty tüýkülik mäzleriniň çişleri mäz bilen bilelikde kesilip aýrylýar. Kentlewükde, ýaňakda, dodaklarda, dilde ýerleşen çişi sagdyn dokumanyň çäklerinde kesip aýyrýarlar. Çiş gaty kentlewükde ýerleşende, amaldan soňra bolup biljek gaýrüzülmeleriň (ýaranyň iriňlemegi, nemli bardanyň

çüýremegi) öňüni almak üçin biz (Annaberdiyew S.D., 2000) amaldan soňra ozal taýýarlanylan ýörite plastmassa gorag örtgüsini ulanýarys (*180-nji a, b suratlar*). Şonuň üçin amaldan öň näsagyň ýokarky äň nusgasy taýýarlanýar we ondaky çişiň bildirýän ýeri aýrylyp, göz öňünde tutulýan amaldan soňraky ýagdaýa getirilýär, onuň esasynda bolsa plastmassa gorag örtgüsi ýasalýar. Amalyň soňunda tikilen kentlewük ýarasy kseroformly hasa bilen ýapylyp, onuň üstünden bronzalýumin simler bilen dişlere berkidilýän plastmassa kentlewük gorag örtgüsi 8-10 günüň dowamynda goýulýar.



*a)* *b)*

*180-nji a, b suratlar.* Gaty kentlewügiň garyşyk çişi:
*a* – daşky görnüşi; *b* – kesilip aýrylanyndan soňra ýörite plastmassa gorag örtgi berkidilen

Çiş gulakýany tüýkülik mäzinde ýerleşende, amalyň aýratynlygy ýüz nerwiniň mäziň içinde şahalanýanlygy bilen baglanyşyklydyr.

Amalyň görnüşi we göwrümi çişiň ölçegine we ýerleşýän ýerine bagly. Emma hemme ýagdaýlarda hem ony töwereginiň mäz dokumasy bilen bilelikde kesip aýyrmak gerek.

Çiş mäziň aşaky çetinde (böleginde) ýerleşende, onuň bu böleginiň kesilip aýrylmasyny geçirýärler. Eger çiş orta bölekde we ýüz nerwiniň şahalarynyň üstünde ýerleşende, ýüz nerwiniň şahalarynyň ýerleşýän tekizliginde mäziň ýarysyny kesip aýyrmak görkezilen. Ýüz nerwiniň şahalaryny saklap galmak bilen gulakýany tüýkülik mäzi tutuş kesip aýyrmaklygy (*parotitektomiýany*) çiş mäziniň köp bölegini ýa-da onuň damak bölegini eýelände, şeýle hem çişiň ikilenç döremeginde geçirýärler. Mäze barmaklygy belli bolan iki usul – Kowtunowiçiň we Redonyň usullary boýunça amala aşyrýarlar. Birinji usul boýunça amaly ýüz nerwiniň çetki bölegini (orta şahasyny) tapmak bilen başlaýarlar, ikinjide, esasy sütüni.

Ýüz nerwiniň şahalaryny saklamak bilen gulakýany tüýkülik mäzi kesip aýyrmak amaly (*parotitektomiýa*). Derini kesmegi gulak ýelkeniniň 2-3 *mm* öňünden geçirip, ony çekge töwereginiň saçly ýerinden başlap, gulak ysyrgalygy boýunça aýlaýarlar, äňyzy we äňasty töwerekleri boýunça dowam edýärler. Ýagly deri kesim bölegi goparylýar we öňe çekilýär. Gulakýany–çeýneýiş gatlagara dokuma bardasyny we mäziň öň tarap gyrasyny açýarlar. Eger ýüz nerwiniň şahalaryny tapmak çetki bölümden başlanylsa, gulakýany akabasynyň ýanynda,

gulagyň serkesinden (gulak ýelkeniniň öňündäki kekirdewükden) agzyň burçuna çenli geçirilen çyzyk boýunça ýerleşen orta şahany tapmakdan we ony töwereginiň dokumalaryndan boşatmakdan başlaýarlar. Ony sütünden gaýdýan ýerine çenli dokumalardan boşadýarlar, soňra oňa az şikes ýeter ýaly tutawaç rezin sapaklar bilen saklap, ýokarky we aşaky şahalary tapyp, mäziň dokumasyndan boşadýarlar. Mäziň ýüzleý bölegini kesip aýyrýarlar, tüýkülik akabasyny daňýarlar we kesýärler. Şahalary galdyryp saklap, mäziň çuňňur we damak bölekleri goparylýar we olary hem çiş bilen birlikde kesip aýyrýarlar, amalyň dowamy boýunça daşky uky arteriýany daňýarlar.

Redonyň usulynda amalda ýagly-deri kesim bölegi öňe süýşürileninden soňra mäziň yz tarap gyrasyny açýarlar we daşky uky arteriýany daňýarlar. Soňra emzik görnüşli ösüntgi we aşaky äňiň şahasynyň yz gyrasy aralygyndaky ýaranyň çuňlugynda ýüz nerwiniň sütünini tapýarlar. Nerwiň şahalanýan ýerini kesgitläp, hemme üç esasy şahalaryny boşadyp goparýarlar. Amalyň soňraky gidişi ýokarda ýazylan ýaly.



*a)* *b)*

*181-nji a, b suratlar.*
Gulakýany tüýkülik mäziniň garyşyk çişi:
*a* – daşky görnüşi; *b* – mäziň ýarysyny kesip aýyrmak amalyndan soňraky görnüş

Ýüz nerwiniň şahalarynyň üstünde ýerleşen mäziň diňe ýüzleý böleginiň çiş bilen bilelikde kesilip aýrylmagyny özünde jemleýän amal nerwiň şahalarynyň ýerleşýän tekizliginde mäziň ýarysynyň kesilip aýrylmagy diýlip atlandyrylýar (*181-nji a, b suratlar*).

Gulakýany tüýkülik mäziniň aşaky böleginiň kesip aýyrmak geçirilen ýagdaýynda ýüz nerwiniň gyraky şahasyna şikes ýetirmezlik üçin, äň burçundan we bedeninden 1,5-2 *sm* aşakdan aýlanyp geçýän deri kesimini geçirýärler. Gyraky şahanyň şikeslenmezligi üçin şu ýerde ýerleşendigi sebäpli, mäz kesilýän wagty hem bu barada ýatda saklamaly. Derasty dokumany, derasty muskuly we gatlagara dokuma bardasyny kesýärler. Çiş ýerleşen mäziň aşak bölegini goparýarlar hem-de kesip aýyrýarlar. Ýarany gatma-gat tikýärler.

### 12.5.1.2. Bir düzümli (monomorf) adenoma

Bu howpsuz çiş tüýkülik mäzleriniň ähli çişleriniň ortaça 7%-inde duş gelýär. Kesel geçişi we rentgen şekili boýunça garyşyk çişe meňzeş, emma has haýal ösýär. El barlagynda onuň üsti tekiz, çişiň bildirip duran bardasy bar. Howply ýagdaýa geçmegi ýüze çykarylmaýar.

Ulaldyjy enjam barlagynda bir düzümli adenoma özüniň gurluşynyň birmeňzeşligi bilen tapawutlanýar, garyşyk çişden tapawutlylykda onuň düzüminde özene meňzeş dokuma bolmaýar. Adenolimfoma, oksifil adenoma we ş.m. dokuma gurluş görnüşleri bar.

Adenolimfomada näsaglar çişiň birleşdiriji dokuma özeniniň mäz şekilli goşundysynyň işjeňligi bilen baglanyşykly diýip çaklanylýan çişiň seýrek bolmadyk wagtal-wagtal ulalmagyny ýa-da kiçelmegini duýýarlar.

Bir düzümli adenomanyň bejergisi hirurgikdir. Garyşyk çişdäki ýaly amal usullary ulanylýar.

### 12.5.1.3. Nemli örtgi dokuma meňzeş (mukoepidermoid) çiş

Bu çiş ýerli siňýän häsiýetli ösüş bilen häsiýetlendirilýär. Köplenç, kesel gulakýany tüýkülik mäzinde we azy dişiň yzynyň töwereginde we kentlewügiň kiçi nemli-tüýkülik mäzlerinde ýerleşýär. Tüýkülik mäzleriniň ähli çişleriniň, takmynan, 8%-ini tutýar.

Çişiň ýokary aýdyňlaşan we pes aýdyňlaşan görnüşleri bar. Ýokary aýdyňlaşan nemli örtgi dokuma meňzeş çiş geçişi boýunça garyşyk çiş ýaly geçýär, ýöne ondan süýşmeýänligi we käwagt deri bilen bitişenligi bilen tapawutlanýar. Sebitleýin limfa düwünlere örän seýrek ýaýrama berýär. Pes aýdyňlaşan nemli örtgi dokuma meňzeş çişiň howply geçiş häsiýeti bar, emma kanser bilen deňeşdirilende, haýal diýlip atlandyrylýan (2-3 ýyla çenli) ösüşi bilen häsiýetlendirilýär, limfa damar ýol arkaly ýaýraýar.

Adaty görnüşinde çiş çalymtyl-ak reňkli, içi nem bilen dolan kiçijik boşluklardan durýar. Ulaldyjy enjam barlagynda ol köpgatly ýasy örtgi dokuma öýjükler we nem bölüp çykaryjy öýjükleriň barlygy bilen häsiýetlendirilýär.

Bejergisi çişiň görnüşine bagly bolup durýar. Ýokary aýdyňlaşan çişde garyşyk çişdäki ýaly mäzi kesip aýyrmaklygyň amal usullary ulanylýar. Pes aýdyňlaşan çiş radioduýgur bolýar, onuň bejergisi toplumlaýyn – amalyň öňündäki şöhle bejergisi we soňraky amal bilen kesip aýyrmaly. Görkezmeler boýunça boýnuň limfa ulgamyndaky amallary ulanylýarlar.

### 12.5.1.4. Adenokistoz karsinoma

Bu howply çiş bolup, gulakýany we başga mäzlerde seýrek, kentlewügiň kiçi nemli-tüýkülik mäzlerinde bolsa has köp duş gelýär. Ozal ol «*silindroma*» diýlip atlandyrylan. Tüýkülik mäzleriniň çişleriniň arasynda, takmynan, 7% ýagdaýda duş gelýär.

Başda çiş ýuwaşlyk bilen ulalýar, emma uly bolmadyk ölçeglerde hem ýiti bolmadyk agyrylary döredýär we bu onuň nerw bardasynyň ýşlary boýunça ösýänligi bilen düşündirilýär. Agyrylar öz-özünden döreýär, şeýle hem el barlagynda ýüze

çykarylýar. Çiş kentlewükde ýerleşip, kentlewük süňk gabyk gatlagyny zaýalaýar we ýokarky äň boşlugyna tarap ýaýraýar. Çişi örtýän nemli barda gögümtil reňke geçýär. El barlagynda çişiň dykyzlygy gaty hem çeýe, käwagt ýumşak ýerleri bar, ýerinden süýşmeýär. Giçki döwürlerde çişiň üstünde baş döremegi ähtimal.

Gulakýany tüýkülik mäzde ýerleşende çişiň töwereginiň mäz dokumasy bilen birleşmegi ýüze çykarylýar, emma ýüzüň keşp muskullarynyň ysmazy örän seýrek duş gelýär. Adenokistoz karsinomanyň häsiýetli aýratynlygy, onuň gan damarlar boýunça ir daşgyn ýaýrama, esasan hem, öýkenlere bermegidir. Az sanly ýagdaýlarda sebitleýin limfa düwünlere ýaýrama berýär.

Adaty görnüşinde çiş keselinde barda gaplanan ýaly, agymtyl dykyz dokuma bolýar. Emma onuň bardalydygy ýalan bolup, ol çiş bölekleriniň gurşap alan dokumanyň içine ösmegidir.

Ulaldyjy enjam barlagynda muskul-örtgi dokuma görnüşli öýjüklerden, şeýle hem kadaly akabalaryň içini örtýänlere meňzeş öýjüklerden durýar.

Bejergisi toplumlaýyn – amalyň öňünden geçirilýän şöhle bejergi bilen soňraky çişi sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrmaly.

### 12.5.1.5. Adenokarsinoma we ş.m. howply çişler



*182-nji surat.* Gulakýany tüýkülik mäziniň adenokarsinomasy

Adenokarsinoma – bu howply çiş bolup, tüýkülik mäzleriniň ähli çişleriniň, takmynan, 3%-ini tutýar. Köplenç, gulakýany tüýkülik mäzde, ondan soňra äňasty mäzde we kentlewük mäzlerinde duş gelýär. Çiş ilki başdan geçişi boýunça howply häsiýetli bolýar we tiz ösüşi, anyk çäkleriniň ýoklugy, töwereginiň dokumalary bilen, şeýle hem gyzylymtyl, gögümtil reňke geçýän nemli barda, deri bilen birleşýänligi häsiýetlidir. Ýüzüň keşp muskullarynyň ysmazy ir ýüze çykýar. Ýuwaş-ýuwaşdan agyrylar goşulýar, çiş dargap başlaýar. Näsaglaryň ýarpysynda sebitleýin limfa düwünlerine ýaýramagy bolup biler, giçki döwürlerinde gan damarlar boýunça daşgyn ýerlere ýaýramagynyň hem döremegi mümkin (*182-nji surat*).

Adaty görnüşinde adenokarsinoma kista görnüşli goşundylary we dargaýan ýerleri bolan dykyz agymtyl-çal reňkli dokuma bolýar. Ulaldyjy enjam barlagynda howply örtgi dokuma çiş gurluşy bolan mäzdir.

Bejergisi toplumlaýyn bolup, amalyň öňünden geçirilýän şöhle bejergisi bilen zeperlenen dokumalary giňişleýin görnüşde kesip aýyrmagy özünde jemleýär. Çişiň ilkinji ýerleşen ojagyndaky amaly sebitleýin ýaýrama ýerlerini kesip aýyrmak bilen bile geçirýärler.

### 12.5.2. Tüýkülik mäzleriniň kistalary

Kistalar uly we kiçi tüýkülik mäzlerinde döräp bilerler. Köplenç, uly tüýkülik mäzinde kista döremeginiň sebäbi haýsy-da bolsa bir kiçi akabanyň şikesi, kiçi tüýkülik mäzlerinde bolsa esasy akabanyň şikesi bolup durýar we ol akabanyň içinde bertik döremegine we çykýan suwuklygyň ýygnanmagyna getirýär. Ýygnanýan suwuklyk mäziň özenini gysýar we onuň netijesinde ol kiçelýär hem-de suwuklygyň emele getiren boşlugy döreýär. Kista aglaba ýagdaýlarda ýaş we orta ýaşly adamlarda duş gelýär. Döremeginiň ýygylygy boýunça ilkinji ýerde dodagyň kiçi tüýkülik mäzleri, ikinji ýerde dilasty mäz, soňra äňasty we gulakýany mäzler durýar.

#### 12.5.2.1. Nem ýygnanan (retension) kista

Bu kista, köplenç, aşaky dodagyň kiçi tüýkülik mäzinde, seýrek – ýaňagyň, agyz boşlugynyň düýbüniň öň tarap böleginde, diliň ujunyň aşak ýüzünde we kentlewügiň kiçi tüýkülik mäzlerinde duş gelýär (*183-nji surat*).



*183-nji surat.* Aşaky dodagyň nem ýygnanan kistasy

Kista nemli bardanyň aşagynda ýerleşýär, gögümtil reňkli, 0,5-den 2 *sm*-e çenli ölçeglerde, anyk çäkleri bolan ýarymtogalak şekilli güberçek görnüşinde bolýar. Käwagt onuň üstüniň nemli bardasy şikes netijesinde dörän bertik sebäpli agymtyl reňkli bolýar. El barlagynda kista bellibir dartylmasy bolan çeýe dykyzlykly, agyrysyz. Kistanyň üstüniň nemli bardasynyň dişlenilmegi onuň ýarylyp dury, sogaşyk suwuklyk çykyp, boşamagyna getirýär. Onuň içine ýokanç düşeninde çişme hadysa döreýär, emma bu ýagdaý seýrek bolýar.

Dokuma gurluşy boýunça kistanyň diwary birleşdiriji dokuma geçýän düwür-düwür birleşdiriji dokumadan, käwagt bolsa diwarynyň iç ýüzi bölekleýin köpgatly ýasy örtgi dokuma bilen örtülen.

Nem ýygnanan kistany kiçi tüýkülik mäzleriniň çişlerinden tapawutlandyrmak gerek we bu çişler çeýe dykyzlykly, köplenç, üsti büdür-südür, mylkyldysyz bolýar hem-de seýrek duş gelýär. Käbir ýagdaýlarda ony gowakly gemangiomadan tapawutlandyrmak gerek, oňa bolsa gyzylymtyl-gök reňk, dolujylyk alamaty häsiýetlidir.

Bejergisi kistany kesip aýyrmakda jemlenendir. Kistanyň üstünden iki sany biri-birinde gutarýan ýarym aýlaw görnüşinde nemli barda kesilýär. Gan saklaýan gysgyçly ýarymkütek ýol bilen kistanyň bardasyny sebitiniň dokumalaryndan goparýarlar, birleşdiriji dokuma perdejiklerini gaýçy bilen kesýärler we kistany goparýarlar. Ýaranyň gyralaryndaky şikeslenen, çykyp duran, tikmäge zyýan edýän

kiçijik tüýkülik mäzleriniň hersini aýry-aýrylykda we tutuşlygyna jübtek ýa-da gysgyç bilen goparyp aýyrýarlar. Munuň üçin pyçagyň ulanylmagy olaryň kesilmegine, doly aýrylmazlygyna we kistanyň täzeden döremegine getirip biler. Amaly nemli barda ketgut sapaklary bilen tikin goýmak bilen tamamlaýarlar.

### 12.5.2.2. Dilasty tüýkülik mäziň kistasy (diliň gurbagasy (ranula))



*184-nji surat.* Çep tarap dilasty tüýkülik mäziň kistasy

Bu kista, adatça, agyz boşlugynyň öň tarap gapdal böleginde, diliň ýarçygynyň golaýynda ýerleşýär. Kesel üýtgewsiz ýa-da aňyrsy görünýän gögümtil reňkli nemli barda bilen örtülen süýri şekilli güberçek görnüşinde kesgitlenilýär (*184-nji surat*). Kista hemişe dilasty tüýkülik mäziň bellibir ýeri ýa-da tutuş hemme ýeri bilen gizlin birleşendir. Aýlaryň dowamynda haýal ösýär, agyry döretmeýär. Uly ölçeglere ýetende gepleýşi bozulýar, nahar iýmek kynlaşýar.

Adaty görnüşinde kistanyň bardasy ýukajyk, gögümtil-ak reňkli. Özüniň öýjük derejesinde kiçi gurluşy boýunça mäziň bölejikleriniň aralaryndaky birleşdiriji dokuma gatlaklary bilen birleşen birleşdiriji dokuma we düwür-düwür dokumadan durýar. Kistanyň bardasynyň seýrek halatda kub ýa-da silindr şekilli içki öýjük örtgüsi bar.

Dilasty tüýkülik mäziň kistasynyň anyklamasy, adatça, kynçylyk döretmeýär. Ony äňasty tüýkülik mäziň kistasyndan, derä meňzeş kistadan, şeýle hem damar çişlerinden (limfangiomadan we gemangiomadan) tapawutlandyrmak gerek.

**Bejergisi.** Kistanyň dilasty mäziň özeni bilen ysnyşykly baglanyşygy bolanlygy sebäpli, onuň doly kesip aýrylmagyny amala aşyrýarlar. Ozaldan maslahat berilýän sistotomiýa amaly gaýtalama berip bilýän hem bolsa, amatlylygy sebäpli köp ulanylýar. Agyz boşlugynyň düýbüniň perdesiniň aşagyna ýaýran çäge sagady görnüşindäki dilasty tüýkülik mäziň kistasyny iki ýol bilen amal edýärler: äňasty üçburçlukda geçirilen kesimden onuň aşaky bölegini daňýarlar we kesip aýyrýarlar, agyz boşlugy tarapdan dilasty mäz, kistanyň galan bölekleri bilen bilelikde kesilip aýrylýar.

### 12.5.2.3. Äňasty tüýkülik mäziň kistasy

Bu kista dilasty tüýkülik mäziň kistasyna garanyňda has seýrek duş gelýär. Ol äňasty üçburçlukda ýerleşýär we ýumşak dykyzlygy bolan agyrysyz çiş görnüşinde bolýar, haýal ulalýar. Uly ölçeglerdäki kista äň-dilasty muskuly deşip ýa-da

onuň yzyndan geçip, agyz boşlugynyň düýbüniň ýokarky bölegine ýaýraýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda onuň dilasty töweregine tarap hem gübermegi ýüze çykýar. Mäz tüýkülik çykaryjylygy peseltmeýär (*185-nji surat*).

Äňasty tüýkülik mäziň kistasynyň anyklamasy käwagt kynçylyk döredýär. Kesel kesgitlemesini takyklamak üçin sanjym geçirýärler: sarymtyl reňkli nemli suwuklygyň alynmagy kistanyň bardygyny aňladýar.



*185-nji surat.* Sag tarap äňasty tüýkülik mäziniň kistasy

Äňasty tüýkülik mäziň kistasyny limfangiomadan, lipomadan, boýnuň gapdal kistasyndan, derä meňzeş kistadan tapawutlandyrmak gerek.

Kistanyň tutýan, ýerleşýän ýerini kesgitlemek üçin rentgen görkeziji serişdäni goýbermekligiň goşa usuly ulanylýar: sistografiýa we sialografiýa. Dürli ugurlardan alnan rentgen suratlar kistanyň mäz bilen gatnaşygyny kesgitlemeklige ýol berýär.

**Bejergisi.** Äňasty tüýkülik mäziň kistasyny mäz bilen bilelikde kesip aýyrýarlar.

#### 12.5.2.4. Gulakýany tüýkülik mäziň kistasy

Bu seýrek duş gelýän kesel aglaba ýagdaýda mäziň aşaky böleginde ýerleşýär. Ony tötänlikde ýüze çykarýarlar. Kista gulakýany töwereginiň agyrysyz, çäklenen, ýumşak-çeýe dykyzlykly ýellenmesi görnüşinde bolýar. Kistanyň içinde sarymtyl reňkli, käwagt nem gatyşykly bulanyk suwuklyk bolýar.

Gulakýany tüýkülik mäziň kistasyny syna mahsus bolan çişlerden, lipomadan, mäziň damar çişlerinden, şeýle hem gulakýany töwereginiň dem algyç yş kistasyndan tapawutlandyrmak gerek.

Bejergisi kistany kesip aýyrmakda jemlenendir. Kistanyň bardasynyň gulakýany tüýkülik mäziň özeni bilen ysnyşykly baglanyşygy bolany sebäpli, mäziň birleşen ýerini iň soňunda kesýärler. Amalyň çylşyrymlylygy ýüz nerwiniň şahalarynyň ýerleşýänligi bilen baglanyşykly. Mäze barmaklygyň amal ýoly gulakýany tüýkülik mäziň howpsuz çişlerini kesip aýyrandaky ýalydyr.

## 12.6. DERI ÇIŞLERI, ÇIŞE MEŇZEŞ KESELLER WE ÝÜZÜŇ KISTALARY

Deriniň çiş keselleri örän köpdürli we köpsanlydyr hem-de bu ýagdaý onuň gurluşy bilen baglanyşyklydyr. Ýüzleý we çuňňur gatlaklardan başga-da, deriniň düzümine tüý haltajyklary, der we ýag mäzleri görnüşinde deri goşundylary hem girýär.

Çişleri tertipleşdirmegiň esasyna onuň ähli gurluş bölekleri goýlan. Olardan hakyky çişler, şeýle hem çişe meňzeş keseller we kistalar döräp bilýär.

Deri çişleri deriniň ýüzleý gatlagyndan we deri goşundylarynyň örtgi dokumalarynden döräp bilýär (der we ýag mäzlerinden, tüý haltajygyndan). Olary örtgi dokuma çişler hasap edýärler. Ondan başga-da, ýumşak dokumalardan (fibroma, angioma we ş.m.) we menek emele getiriji ulgamyndan (hal, melanoma, lentigo) döreýär. Kistalaryň arasynda deriniň nädogry ösüşiniň netijesi bolan doga kistalar bar. Olara derä meňzeş kistalary, şeýle hem başga görnüşler–dem algyç yş we galkan şekilli-dil kistalar we deşikler degişli. Aşakda ýüzüň derisinde has köp duş gelýän çişler hakynda maglumat berilýär.

### 12.6.1. Deri çişleri we çişe meňzeş keselleri

#### 12.6.1.1. Bazalioma (esas öýjükli kanser)

Ýerli içine siňip ösýän örtgi dokuma çişi bolup, deriniň ýüzleý gatlagynda ýa-da tüý haltajyklarynda döreýär, dokuma gurluşy boýunça çiş öýjükleri deriniň ýüzleý gatlagynyň esas öýjüklerine meňzeýär. Çiş, esasan, gartaşan adamlaryň ýüzünde, onda-da aýallara garanyňda, erkeklerde iki esse köp duş gelýär. Köplenç, çiş burnuň gapdalynda we arkasynda, göz gabaklarynyň içki we daşky gyralarynda, burun-dodak ýygyrdynda, gulak ýelkeninde duş gelýär.

Geçişi boýunça, bazaliomada başda deride käwagt gijeýän, kiçijik düwünjigiň döremegi bilen häsiýetlendirilýär. Tiz wagtda şonuň ýaly üýtgemeler köpelip, biri-biri bilen birleşip, büdür-südürlik döredýär, gemreler bilen örtülýär. Gemreler aýrylandan soňra baş görnüşine geçýän ganap duran ýer emele gelýär. Kesel haýal, ýyllar boýy geçýär, esasan, gapdala ýaýraýar. Ýüzleý başyň üstüniň käbir ýerleri bertik bilen bitýär, emma onuň daş-töweregi boýunça çiş ýuwaş-ýuwaşdan ulalýar. Aşagynyň dokumalaryna ýaýramaýar, diňe gijigen ýagdaýlarda çişiň ketirdewügi, süňki zaýalap, çuňlugyna ösmegi mümkin. Bazalioma örän seýrek daşgyn synalara ýaýraýar, emma, köplenç, gaýtalanyp bilýär.

Bazaliomada kesel kesgitlemesini goýmak, adatça, kynçylyk döretmeýär, ol dokuma barlagy baradaky maglumatlar bilen takyklanylýar.

**Bejergisi.** Amal görnüşinde, şöhle, utgaşdyrylan usullar, şeýle hem sowuk täsiri bilen bejergi ulanylyp bilner. Gaýtalanma döräninde amal bilen kesip aýyrmak ýa-da sowuk täsiri bilen bejergi ulanylýar.

**Çaklama.** Näsagyň ömri üçin oňaýly, emma keseliň gijigen döwürlerinde geçirilen bejergiden soňra ýüzüň giňişleýin, uly kemtikleri döräp biler.

### 12.6.1.2. Ýasy öýjükli kanser

Ýüzüň derisiniň bu kanseri esas öýjükli görnüşine görä seýrek duş gelýär. Ol dürli deri kesel ýagdaýlary görnüşinde deriniň üýtgän ýerlerinde, käwagt ýanykdan, şikesden, deri inçekeselinden soňra berçikde, seýrek deriniň bitin ýerinde döräp bilýär.

Kesel basmarlap ösýär, başda, adatça, haýal geçýär, soňra çişiň ösüşi çaltlaşýar, aşagynyň dokumalarynda gataňsylyk döreýär we zaýalanýar, 1-2% ýagdaýlarda sebitleýin limfa düwünlerine kanseriň ýaýramasy ýüze çykarylýar. Bedeniň daşgyn synalarynda gan damarlar boýunça kanseriň ýaýramasy döräp biler, olar bolsa näsagyň horlanmasyna we ölümine getirýär. Zeperlenmäniň derejesini *TNM* ulgamy boýunça kesgitleýärler.

Geçişi boýunça çiş baş ýa-da emzijek görnüşlerde ýüze çykýar. Deriniň ýasy öýjükli kanserinde başyň ganawjyk şekilli gaty, galyp duran gyralary bar, onuň aşagy we düýbi gataňsy, düýbünde çüýrän maddalar bilen ganap duran dokuma bar. Emzijek şekilli görnüşinde reňkli keleme meňzeş ösüntgiler ýüze çykarylýar.

Ýasy öýjükli kanserini, esasan hem, başlangyç döwürlerde, esas öýjükli kanserden, keratoakantomadan we garrylyk keratozyndan tapawutlandyrýarlar.

Deriniň ýasy öýjükli kanseriniň bejergisi şöhle, hirurgik ýa-da toplumlaýyn bolup biler, şeýle hem sowuk täsirini ulanýarlar.

Näsaglaryň ömrüniň geljeginiň çaklamasy esas öýjükli kansere görä erbet. Emma başlangyç döwürlerinde näsaglaryň bejergisi 85-90% ýagdaýda olaryň sagalmagyna getirýär.

### 12.6.1.3. Tüý özeniniň çişi (Malerbonyň hekleşme epiteliomasy)

Bu tüý haltajygynyň howpsuz çişidir. Çagalarda we ýaş adamlarda köp duş gelýär. Aglaba ýagdaýlarda ýüzde, gulakýany sebitde duş gelýär. Çiş birnäçe aýyň dowamynda haýal ösýär. Başda deriniň içinde ýerleşen uly bolmadyk düwünjik görnüşinde dykyz zat ýüze çykarylýar. Ol ýuwaş-ýuwaşdan ulalyp, 2-3 *sm* ölçege ýetýär. El barlagynda hekleşen gaty, süýşýän, anyk çäkleri bolan, bellibir görnüşi bolmadyk emele gelen zat kesgitlenilýär. Üstüniň derisi ýukalýar, käwagt deşik döredip ýarylýar we dürtgüç bilen barlanylanda, süňke meňzeş maddanyň barlygy kesgitlenilýär.

Ulaldyjy enjam barlagynda çişde öýjükleriň iki görnüşi bar: esas öýjükli karsinomanyň alamatlaryna meňzeş bazofil we eozinofil öýjük-kölegeler. Birleşdiriji dokumada özeniniň hekleşme we süňkleşme ýerleri duş gelýär.

Bejergisi çişi kesip aýyrmakda jemlenendir.

### 12.6.1.4. Rinofima

Bu ýag mäzleriniň çişe meňzeş keseli bolup, burnuň ketirdewük böleginiň derisinde ýerleşýär we esasan, orta ýaşly we gartaşan erkek adamlarda duş gelýär. Ri-



*186-njy surat.* Rinofima

nofima agyrysyz büdür-südür gögümtil-gyzyl reňkli, gataňsy – çeýe dykyzlykly ösüntgi görnüşinde ýüze çykýar. Rinofima birnäçe, hatda onlarça ýylyň dowamynda haýal ulalýar, ýüz keşbiniň owadanlygyny zaýalaýar (*186-njy surat*).

Keseliň dokuma gurluş ýagdaýy deri ýag mäzleriniň güýçli damarlaşmasy we üznüksiz çişmesi bolan öýjük köpelmesi bilen häsiýetlendirilýär.

**Bejergisi.** Birwagtda geçirilýän deri plastikasy bilen kesel dokuma ösüntgilerini kesip aýyrmaklygy amala aşyrýarlar. Uly bolmadyk rinofimalarda deri ösüntgilerini diş gyryjy enjamyň kömegi bilen aýyrmak hem mümkin, ýaranyň ýüzüne ýagly melhem ýapýarlar we onuň aşagynda ýara özbaşdak bitýär.

#### 12.6.1.5. Hal (*newus*)

Bu dürli ölçegdäki we öwüşgindäki howpsuz çişe meňzeş keseldir. Deriniň ýüzleý ýa-da çuňňur gatlaklarynyň menekli öýjüklerinden emele gelen, köplenç, köpsanly doga bolan we soňra dörän bolýar (*187-nji surat*).

Görnüşi boýunça hal düz, galyp duran düz ýa-da siňňil ýaly şekilde ýüze çykýar. Hal öz-özünden ýitip, seýle hem howply häsiýete geçip bilýär.

Mähnet menekli hal – bu doga dörän çişe meňzeş kesel bolup, köplenç ýüzde, kelläniň saçly böleginde duş gelýär.

Hal garamtyl, güýçli menekleşen tüýli, käwagt düwün görnüşindäki çişe meňzeş kesel bolup, has köp ýagdaýda howply häsiýete eýe bolup, melanoma geçýär.

Halyň howply häsiýete geçmeginiň esasy alamatlary onuň ölçegleriniň ulalmagy we menekleşme derejesiniň güýçlenmegi, daş sebitiniň gyzarmasy bilen çişme hadysasynyň döremegi, ganamagy, baş döremegi, şeýle hem menekli tegmiliň daş-töwereginde täze goşmaça menek goşundylaryň döremegidir. Howply häsiýete geçmegine, köplenç, şikeslenme, hala Gün şöhlesiniň täsir etmegi ýardam edýärler.



*187-nji surat.* Sag tarap burun ganatynda ýerleşen menekli hal

Halyň bejergisi hirurgik bolup, ol onuň ölçegine, ýerleşýän ýerine we geçişiniň alamatlaryna baglydyr. Ýüzüň owadanlyk keşbini bozýan uly hallary kesip aýyrmaklygy ýerli plastika ýa-da öz derisini erkin geçirmeklik bilen birwagtda amala aşyrýarlar ýa-da tapgyrlaýyn kesip aýyrmaklygy ulanýarlar.

Ýygy-ýygy şikeslenmesi bolýan (eşigiň ýakasy, äýnek, darak bilen we ş.m.) hatda uly bolmadyk hallary hem kesip aýyrýarlar. Halyň ösüşiniň çaltlaşýanlygynyň alamatlary dörände, onuň geçişiniň howpsuz

ýa-da howply häsiýetini kesgitlemäge ýol berýän goşmaça radioizotop anyklamany geçirýärler. Geçişiniň howpsuz häsiýeti bolan ýagdaýynda haly kesip aýyrmak gerek we beýle ýagdaýda amalyň göwrümi ulaldylmalydyr. Soňky ýyllar haly bejermek üçin giňden sowuk täsirini ulanyp başladylar.

#### 12.6.1.6. Howply melanoma

Howply melanoma – bu geçişi boýunça ýokary derejeli howply häsiýetli çiş bolup, dürli derejede menekleşen kadaly däl menekli öýjüklerden durýar. Seýrek, emma, köplenç, ýaşlarda we orta ýaşly adamlarda duş gelýär. Melanoma özbaşdak deride, şeýle hem haldan we howply çiş öňýany melanozdan soň döräp biler.

Melanomanyň geçişiniň görnüşi köpdürlüdir. Ol menekli düz tegmil, kömelek ýa-da papillomatoz ösüntgi görnüşinde ýüze çykýar, düýbi inçejik ýa-da giň bolup bilýär, köpdürli görnüşi we ölçegi bolýar. Üsti tekiz ýa-da büdür-südür, seýrek bolmadyk ýagdaýda baş döreýär, ýumşakdan gaty-çeýe dykyzlykly, meneksiz ýerlerini goşmak bilen dürli derejeli menekleşmesi bolýar. Melanoma limfa we gan damarlary boýunça derä, ýürege, öýkenlere daşgyn ýaýrama berip, keseliň tutuş ýaýramagyna getirip bilýär, ir ýaýrama berýänligi sebäpli, adatça, uly ölçeglere ýetmeýär. Onuň döwürleýin geçişi bar. Daşgyn synalara ýaýrama dörän ýagdaýynda keseliň geçişi togtaýar we bellibir salymdan soňra ýaýramaklygyň täze tolkuny döreýär. Melanomanyň şikeslenmegi keseliň çalt ýaýramaklygyna ýardam edýär.

Melanomanyň kesel kesgitlemesini keseliň taryhynyň we geçişiniň maglumatlary esasynda goýýarlar. Emma gutarnykly kesel kesgitlemesini ilkibaşdan goýmak hemişe mümkin däl.

Anyklaýyşda radioaktiw $^{32}P$ kömegi bilen giňden radioizotop barlagyny, şeýle hem peşewdäki şöhle barlagy ulanylýar. Soňky barlag üçin çişi 2-3 gezek şöhlä tutanlaryndan soňra peşewiň barlagyny geçirýärler. Şeýle hem termowiziografiýany ulanmak bolar.

Dokuma gurluşy boýunça görnüşini kesgitlemek we çişiň baş bolan ýerinden alnan çyrşak, ýokundynyň ýa-da ýelmeşdirilip alnan çyrşak ýokundynyň öýjük barlagy üçin ulanylýar. Sähelçe şikesiň hem keseliň tutuş ýaýramaklygyna getirýänligi sebäpli çişiň ýarasynyň üstünden gazap almak, sanjym we barlag üçin dokuma bölejigini kesip almak maslahat berilmeýär.

**Bejergisi.** Häzirki wagtda amaldan öň geçirilýän şöhle bejergisini we soňraky çişiň serhetlerinden azyndan 3 *sm* daşyndan zaýalanan dokumalaryň giňişleýin kesip aýyrmaklygyny özünde jemleýän toplumlaýyn bejergi ulanylýar. Soňky ýyllarda sowuk täsir usuly ulanylýar, şeýle hem himiki we immun bejergini ulanmak boýunça synanyşyklar edilýär. Çişiň sebitleýin ýaýran ýerlerini aýyrmaklygy Kraýlyň amaly görnüşinde ýa-da keseliň başlangyç ojagy bilen tutuşlygyna boýnuň dokumalarynyň gatlaklaýyn kesilip aýrylmagy görnüşinde amaly geçirýärler.

Keseliň geljeginiň çaklamasy oňaýly däl. Bejerginiň netijesi melanomanyň ýaýramaklyk derejesine bagly bolup durýar. Eger-de çiş deriniň ýüzleý gatlagynyň çäklerinden daşyna ýaýramadyk bolsa, onda çişiň çuňňur deri gatlagyna ýaýranyndakydan bejergisiniň netijesi gowy. Melanoma derasty ýag gatlagyna ýaýranynda iň erbet çaklamalara garaşmak bolar.

### 12.6.1.7. Ýüzleý deri gatlak (*epidermoid*) kistasy



*188-nji surat.*
Gaş töwereginde ýerleşen ýüzleý deri gatlak (epidermoid) kistasy

Bu kista keratinli kistalar toparyna degişlidir. Ozal ol ateroma ady bilen ýazylan. Ýüzleý deri gatlak kistasy ýüzüň, boýnuň derisinde, kelläniň saçly böleginde has köp duş gelýär. Ýeke-täk ýa-da köpsanly bolýar, seýrek bolmadyk ýagdaýlarda onuň öňünden jahyl düwürtigi duş gelýär. Kistanyň döremegi ýag mäzleriniň çykaryjy deşikleriniň bitmegi bilen baglanyşyklydyr. Ol bardasynyň bölüp çykarýan keratininiň ýygnanmagy netijesinde haýal ulalýar (*188-nji surat*).

Geçişi boýunça kista togalak-süýri görnüşinde dörän zat bolup ýüze çykýar. Deriniň ýüzleý gatlagynyň aşagynda ýerleşýär we onuň bilen ýag mäziniň çykaryş akabasynyň ýanynda ykjam birleşen. Kistanyň üstüniň reňki käwagt gögümtil öwüşginli bolýar we uly ölçeglere ýetende, ol çekilip dartylýar. El barlagynda kista çeýe dykyzlykly, agyrysyz. Onuň içindäki zat häsiýetli ak reňkli aş görnüşli madda bolup durýar. Kista, köplenç, iriňleýär we bu ýagdaýda agyry döreýär, onuň özi ulalýar, daş-töwereginiň dokumalarynda ýellenme we gyzarma döreýär.

Ulaldyjy enjam barlagynda ýüzleý deri gatlak kistasynyň içi köpgatly ýasy örtgi dokuma bilen örtülen we keratin gatlaklary bilen dolan.

**Bejergisi.** Kistany bardasy bilen aýyrýarlar. Bu ýerde biri-birine gelýän iki sany ýarymaýlaw kesimler arkaly kista bilen birleşen deri bölegini hem kesip aýyrmaly.

## 12.6.2. Ýüzüň kistalary

### 12.6.2.1. Derä meňzeş (*dermoid*) kista

Düwünçegiň maňlaý, ýokarky äň we aşaky äň tümmejikleriniň, ýüzüň nädogry ösüşiniň we emele gelşiniň netijesinde döreýär. Adatça, eňegasty sebitde, agyz boşlugynyň düýbünde, burnuň düýbüniň we ganatlarynyň ýanynda, göz hanasynyň içki we daşky gyralarynda ýerleşýär, köplenç, ýaş adamlarda duş gelýär.

Derä meňzeş kista galyň deri ýaly bardasy bolan boşlukly emele gelen zat bolup, içi ýakymsyz ysly, çalymtyl-ak reňkli aş görnüşli madda bilen dolan. Kistanyň içindäkiler gopan ýüzleý deri gatlak öýjüklerinden, ýag we der mäzleriniň, tüý haltajyklarynyň çykaran maddalaryndan, käwagt saçlardan durýar.

Gözden geçirilende, togalak görnüşli anyk çäkleri bolan agyrysyz, deri we nemli barda bilen birleşmedik çişe meňzeş zat kesgitlenilýär (*189-njy surat*). Agyz boşlugynyň düýbünde ýerleşende, ol dik orta çyzyk boýunça äň-dilasty muskulyň üstünde kesgitlenýär we sarymtyl reňkli görnüp durýar. Uly ölçeglerdäki kista dili ýokaryk gysýar, geplemek we nahar iýmek kynlaşýar.



*189-njy surat.*
Eňegasty töwereginiň derä meňzeş (dermoid) kistasy

Dokuma gurluşy boýunça kistanyň bardasynyň ýüzleý deri gatlak örtügi, tüý haltajyklary, ýag we der mäzleri hem-de derä meňzeş gurluşy bar.

**Bejergisi.** Kistany bardasy bilen kesip aýyrýarlar. Kista äň-dilasty muskulyň üstünde ýerleşende, amaly agyz boşlugynyň içinden geçirýärler. Eňegasty sebitiň kistasyny daş tarapdan deri boýunça kesip aýyrýarlar.

### 12.6.2.2. Ýüzüň we boýnuň doga kistalary we deşikleri

Olardan dem algyç yş we galkan şekilli – dil kistalar we deşikler bar. Dem algyç yş kistasynyň we deşiginiň döremegi 1-nji we 2-nji dem algyç ýaýlarynyň nädogry ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Galkan şekilli-dil kistasy we deşigi düwünçekde biz şekilli dil akabanyň doly ýitip gitmezligi netijesinde emele gelýär. Doga kistalar we deşikler, adatça, seýrek duş gelýär we maglumatlara görä, äň-ýüz töwereginiň ähli çiş we çişe meňzeş keselleriniň, takmynan, 5%-ini tutýar. Dem algyç yşlarynyň we ýaýlarynyň nädogry ösmegi gelip çykyşy boýunça galkan şekilli bolanlardan köp duş gelýär (degişlilikde, 61 we 39%).

Doga kistalar we deşikler, esasan, çagalarda we ýaş adamlarda duş gelýär. Dem algyç yş we galkan şekilli dil kistalaryň we deşikleriň geçişi birmeňzeşdir, emma olaryň ýerleşişi bilen düşündirilýän häsiýetli aýratynlyklary bar.

Kista haýal, birnäçe ýyllaryň dowamynda ulalýar. Agyrysyz, çäklenen togalak ýa-da süýri görnüşli, çeýe dykyzlykly, deri bilen birleşmedik zat görnüşinde kesgitleýärler. Kistany tötänlikde ýa-da çişme hadysa goşulanda ýüze çykarýarlar. Mahsusy ýokanç goşulanda (inçekesel taýajyklary, şöhle şekilli kömelejikler) anyklamasy kynlaşýar.

Haçanda daşky deride we içki agyz boşlugynyň nemli bardasynda ýerleşen iki çykaryjy deşik bolanda, doga deşikleriň doly we haçanda daşky ýa-da içki bir deşik bolanda doly däl görnüşleri bar. Deşikleriň anyklamasynda ýodolipolyň kö-

megi bilen geçirilýän rengen görkeziji fistulografiýanyň ähmiýeti uludyr. Ol deşigiň ugruny, uzynlygyny we şahalanmasynyň barlygyny kesgitlemäge ýol berýär we olar amal bejergisi üçin gerek.

### 12.6.2.2.1. Dem algyç yş kistalar we deşikler

1-nji dem algyç yşynyň nädogry ösüşinde daşky eşidiş geçelgesi we gulak ýelkeni bilen baglanyşykly bolan gulakýany töweregiň kistasy ýa-da deşigi emele gelýär. 2-nji dem algyç yşynyň nädogry ösmekligi boýnuň gapdal kistasynyň we deşiginiň döremegine getirýär. Gulakýany töweregiň dem algyç yş kistalary we deşikleri boýnuň gapdal kistalaryna we deşiklerine görä, has seýrek duş gelýär (degişlilikde, 11 we 89% ýagdaýlarda).

**Gulakýany töweregiň kistasy we deşigi.** Kista gulakýany tüýkülik mäziniň esasy böleginiň aşagynda ýa-da äňyzy töwereginde, ýüz nerwiniň esasy sütüniniň üstünde ýerleşýär we köplenç, daşky eşidiş geçelgesiniň kekirdewük bölegi bilen baglanyşykly bolýar. Keseliň alamatlary gulakýany tüýkülik mäziniň howpsuz çişlerindäki ýa-da kistalaryndaky ýaly bolýar we içinde sarymtyl reňkli, käwagt bulanyk suwuklyk bolýar.

Gulak ýelkeniniň aýlawynyň düýbüniň öňüniň derisinde çykaryjy deşigi bolan dem algyç yş deşigini gulak öňýany deşigi diýip atlandyrýarlar (*190-njy a surat*). Ol, köplenç, iki taraplaýyn bolýar. Onuň emele gelmeginde nesililigiň ähmiýeti hem ýüze çykarylan.



*a)* *b)*

*190-njy a, b suratlar.* Ýüzüň we boýnuň dem algyç yş kistalary we deşikleri:
*a* – gulak öňýany deşik; *b* – boýnunyň gapdal kistasy

Äňyzy töweregiň deşigi iriňlän dem algyç yş kistanyň özbaşdak ýa-da amal netijesinde ýarylmagy bilen döreýär, onuň daşky deşigi aşaky äň burçy bilen yşarat

muskulynyň arasynda ýerleşýär. Doly gulak öňýany we äňyzy deşiklerinde ikinji deşik daşky eşidiş geçelgesiniň kekirdewük böleginiň derisine açylýar, doly däl görnüşinde deşigiň diwarlary daşky eşidiş geçelgesiniň ketirdewügine bitik bolýar. Deşiklerden ýaga meňzeş zat çykýar. Adaty görnüşinde gulakýany töweregiň deşiginiň we kistasynyň içki örtügi köpgatly ýasy buýnuzlaşýan örtgi dokuma görnüşindedir.

**Boýnuň gapdal kistasy we deşigi.** Kista içi suwuk madda bilen doldurylan we adatça, ýuka bardasy bolan boşluk görnüşinde ýüze çykýar. Onuň özboluşly ýeri bolup, yşarat muskulynyň öňünde, boýnuň orta üçden bir böleginde gönüden-göni, daşky damarly-nerw dessejiginde ýerleşýär, deri bilen birleşen däl. Näsag kellesini garşy tarapa öwrende has oňat bildirýär. Kistanyň içinde sarymtyl reňkli bulanyk suwuklyk bolup, onuň öýjük barlagy geçirilende, köpgatly ýasy örtgi dokuma alamatlary we has köpsanly limfositler bilen owunjak dänä meňzeş oksifil madda kesgitlenilýär (*190-njy b surat*).

Ulaldyjy enjam barlagynda kistanyň bardasy köpgatly ýasy örtgi dokuma bilen düşelen.

Boýnuň gapdal kistasynyň anyklamasy kesel taryhyna we keseliň geçişiniň maglumatlaryna esaslanýar. Sanjym geçirilende, köp mukdarda (5-10 *ml* we ondan köp) özboluşly suwuklyk alynmagy we öýjük barlagyň maglumatlary boýnuň gapdal kistasynyň kesel kegitlemesini tassyklamaga kömek berýär.

Boýnuň gapdal deşigi bir tarapdan, seýrek halatda iki tarapdan bolýar. Käwagt çaga dogan wagty ýüze çykarylýar, başga ýagdaýlarda ol boýnuň iriňlän gapdal kistasynyň netijesi bolýar. Deşigiň daşky açylýan ýeri boýnuň gapdalynyň derisinde, yşarat muskulynyň öň gyrasynyň deňesinde ýerleşýär. Boýnuň gapdalynyň doly deşiginiň içki açylýan ýeri hemişe kentlewük badamjyklarynyň ýokary çetindedir. Boýnuň çuň ýerinde deşik akabasy daşky we içki uky arteriýalarynyň arasy bilen geçýär (*191-nji surat*).

Kesel görnüşi boýunça deşigiň daşky açylýan ýeri nokat ýalyjak ýa-da giňelen çogup çykýan düwür-düwür dokumajyklar we käwagt suwjaryp duran gemreler bilen örtülen bolýar. Deşigiň töwereginiň derisiniň menekleşmesi we gyzaryp zeperlenip durmagy ýüze çykarylýar, deşikden bolsa az mukdarda sarymtyl reňkli sogaşyk suwuklyk akyp durýar. Boýnuň doly gapdal deşigi bolanda, köplenç, näsaglar kesel taryhynda gaýtalap durýan birtaraplaýyn basyk döreýänligini aýdýarlar, gözden geçirilende bolsa, deşikli tarapynyň kentlewük badamjyklarynyň ulalandygy ýüze çykarylýar.



*191-nji surat.*
Boýnuň iki taraplaýyn dem algyç yş deşikleri

Boýnuň gapdal deşigini daşky açylýan ýeriniň käwagt orta çyzykdan gapdala süýşen orta galkan şekilli dil deşiginden we mahsusy çişme kesellerden tapawutlandyrmak gerek.

Ulaldyjy enjam barlagynda deşigiň örtgüsi boýnuň gapdal kistasynyň bardasynyň gurluşyna meňzeşdir.

### 12.6.2.2.2. Galkan şekilli dil kistasy we deşigi

**Galkan şekilli dil kistasynyň we deşiginiň** boýnuň orta çyzygy boýunça özboluşly ýerleşýän ýerleri bar we şonuň üçin-de olary **boýnuň orta kistasy** we **deşigi** diýip atlandyrýarlar.

*Galkan şekilli dil kistasy* boýnuň orta çyzygy boýunça dilasty töweregiň üstünde ýa-da aşagynda we diliň kökünde ýerleşýär. Boýunda ýerleşende kistanyň hereketleriniň çäklenmesi we onuň dilasty süňküň bedeni bilen birleşendigi kesgitlenilýär we bu ýuwdunanda aýdyň bildirýär. Diliň köküniň kistasynda dil galyp durýar, gepleýşiniň bozulmagy we ýuwdunmagyň kynlaşmagy ýüze çykýar.

Kistanyň içiniň ýokançlanmagy agyry we ýellenme döremegine, daş-töwereginiň dokumalarynyň çişme hadysasyna getirýär.

Galkan şekilli dil kistasynyň içinde sarymtyl reňkli bulanyk sogaşyk suwuklyk bolýar. Öýjük barlagynda köpgatly ýasy örtgi dokuma öýjükleri we limfa öýjükleri ýüze çykarylýar. Kistanyň bardasynyň örtgüsi boýnuň orta deşiginiň örtgüsi ýaly gelip çykyşy boýunça içki deri gatlakdandyr.

*Galkan şekilli dil deşigi*, adatça, boýnuň orta kistasynyň özbaşdak ýa-da kesilip ýarylmagy netijesinde döreýär. Deşigiň daşky açylýan ýeri boýnuň orta çyzygy boýunça deride, esasan, dilasty süňk bilen galkan şekilli ketirdewügiň arasynda ýerleşýär (*192-nji surat*). Deriniň gyralary, köplenç, bertikli, käwagt bolsa deşigiň gyralarynda **düwür-düwür** dokumalar ösýär. Az mukdarda neme meňzeş suwuklyk çykýar. Doly deşikde içki açylýan ýeri diliň bitik deşiginiň ýanynda ýerleşýär.



*192-nji surat.*
Boýnuň orta galkan şekilli-dil deşigi

Galkan şekilli dil deşigi boýnuň orta çyzygy boýunça gidýär, dilasty süňküň bedeninden geçip, 40-45$^0$ burç bilen diliň bitik deşigine tarap gönügýär. El barlagynda deşigiň akabasy boýnuň orta kistasynda bolşy ýaly, hemişe dilasty süňküň bedeni bilen birleşen. Ony aşakdaky usul boýunça kesgitleýärler. Deşigi ýa-da kistany barmak bilen saklap, näsaga tüýküligini ýuwutmagy haýyş edýärler we bu ýagdaýda saklanyp durlan ýerleriň dilasty süňk bilen bilelikde süýşmegi ganat şekilli dil deşiginiň ýa-da kistanyň barlygyny aňladýar.

Orta kistanyň we deşigiň deňeşdirme anyklamasyny mahsusy çişme kesel, limfadenit, derä meňzeş kista, dilde ýa-da başga ýerde ýerleşen galkan şekilli mäziň adenomasy bilen geçirýärler.

### 12.6.2.2.3. Aşaky dodagyň deşigi



*193-nji surat.* Wan der Woude alamatlar toplumyndaky aşaky dodagyň deşigi

Aşaky dodagyň deşigi – bu ýüzüň dokumalarynyň nädogry ösüşiniň we döreýşiniň netijesi bolup, ýokarky dodagyň we (ýa-da) kentlewügiň doga ýarygy bilen duş gelýär (*193-nji surat*). Ilkinji gezek 1954-nji ýylda Wan der Woude tarapyndan ýazylan hem-de doga alamatlar toplumy görnüşinde beýan edilen. Adatça, alamatlar toplumynyň esasy alamatlary bolup aşaky dodagyň iki sany birmeňzeş çukurjygy we ýokarky dodagyň we (ýa-da) kentlewügiň doga ýarygy bolup durýar. Käbir ýagdaýlarda aşaky dodagyň ortasynda ýa-da gapdal tarapynda ýerleşen ýeke çukurjyk bolup biler. Kähalatlarda çöketlik içinden az mukdarda nemli suwuklyk çykýan deşik görnüşinde bolup biler.

**Bejergisi.** Kistada bardasy bilen bilelikde doly kesip aýyrmaklygy amala aşyrýarlar. Çişme hadysa bolanda amaly ol aýrylandan soň geçirýärler. Äňyzy töweregiň kistasyny aşaky äň burçundan aýlanýan we ýüz nerwiniň gyraky şahasynyň zeperlenmesi bolmaz ýaly, ondan 1,5-2 *sm* aşakdan derini kesip aýyrýarlar. Boýnuň gapdal kistasyny aýyrmak üçin kistanyň üstünden yşarat muskulynyň öň tarap gyrasy boýunça ýa-da ýokarky boýun ýygyrdy boýunça derini kesip geçirýärler. Boýnuň galkan şekilli dil kistasynda boýnuň derisini ýokarky ýa-da orta boýun ýygyrdy boýunça kesim geçirip, kistany aýyrmagy dilasty süňküň bedeniniň böleginiň kesilip aýrylmagy bilen utgaşdyrýarlar. Diliň düýbüniň kistasynyň amalyny onuň ölçeglerine baglylykda agyz içre ýa-da daşky kesimler bilen amala aşyrylýar.

Deşigi kesip aýyrmak amalynyň öňünden onuň içini metilen mawynyň 1%-li suw ergini bilen doldurýarlar. Şeýle ýagdaýda deşigiň diwary oňat reňklenýär we amal wagty oňat ýüze çykarylýar. Amal dürli ýollar bilen bilelikde deşigi doly kesip aýyrmakda jemlenendir. Daşky girelgesi boýunça aýlanýan kesimleri geçirýärler, deşigi boşadyp we goparyp aýyrýarlar. Gulaköňýany we äňyzy deşikleri aýyrmagy daşky gulak geçelgesiniň kekirdewük bölegini kesip aýyrmak bilen tamamlaýarlar. Boýnuň doly gapdal deşiginde geçirilýän amal deşigiň we boýnuň damarly-nerw dessejiginiň ýerleşiş aragatnaşyklary bilen baglanyşykly bolan kynçylyklara sezewardyr: deşik akabasy daşky we içki uky arteriýalaryň aralary boýunça geçýär. Galkan şekilli dil deşigi kesip aýyrmak adybir kistada bolşy ýaly, dilasty süňküň bedeniniň bölegini kesip aýrylmak bilen bilelikde amala aşyrylýar.

## 12.7. ÝUMŞAK DOKUMALARYŇ ÇIŞLERI

BSGG-niň ÇHDGKB-niň maglumatlaryna görä, «ýumşak dokumalar» diýlip, retikuloendetelial ulgamdan, gliýalardan we mahsusy synalary hem-de iç-goşlary saklaýan dokumalardan ş.m. ähli örtgi däl we süňklerden başga dokumalar bellenilýär. Şeýle hem olara çet ýer we özbaşdak nerw ulgamynyň neýroektodermal dokumalary degişlidir, sebäbi bu topar çişleriň anyklamasynyň we bejergisiniň öňünde birmeňzeş meseleler durýar.

Äň-ýüz töwereginiň ýumşak dokumalaryndan dörän çiş keseller bedeniň beýleki ýerlerindäkilere meňzeşdirler we olaryň diňe ýüzde ýa-da agyz boşlugynda ýerleşýändikleri bilen baglanyşykly aýratynlyklary bardyr. Olaryň içinde köpüsini howpsuz çişler tutýar, howply çişler 0,2%-den köp bolmadyk ýagdaýda duş gelýär. Dokuma gurluşy esasynda gelip çykyşlary boýunça birleşdiriji, ýag, muskul dokumalaryň, gan damarlaryň we çet ýer nerwleriň çişleri bar.

Mundan başga-da, ýumşak dokumalaryň çiş keselleriniň äň-ýüz töwereginde örän seýrek duş gelýän ýa-da asla duş gelmeýänleri-de bar we olar bu ýerde getirilmeýär.

### 12.7.1. Birleşdiriji dokumanyň çişleri we çişe meňzeş keselleri

Birleşdiriji dokumanyň çiş keselleriniň arasynda howpsuzlar – dürli fibromalar we howplulular – fibrosarkomalar bar. Çişe meňzeş kesellere fibromatoz we epulis degişli.

#### 12.7.1.1. Fibroma

Fibroma – bu ýetişen birleşdiriji dokumadan dörän çiş. Ýüzde seýrek duş gelýär, esasan, agyz boşlugynda ýüze çykarylýar. Çiş agyz boşlugynyň nemli bardasynyň köp dişlenilýän ýerlerinde (ýaňaklar, dil, dodaklar) duş gelmek bilen, onuň döremegi şikese bolan jogap bolup durýar hem-de hakyky çiş bolman, birleşdiriji dokuma ösüntgileri diýlip düşünilýär. Şeýle hem birleşdiriji dokumanyň fibroz ösüntgilerine agyz boşlugynyň geçiş ýygyrdynda aýrylyp-goýulýan plastmassa emeli diş gurnamasynyň beýik gyralarynyň şikesi netijesinde döreýän bölek-bölek, büdür-südür üstli emele gelen zolak şekilli dokuma ösüntgileri hem degişlidir (*194-nji surat*).



*194-nji surat.* Diliň fibromasy

Geçişi boýunça fibroma uly düýbi bolan togalak görnüşli, üýtgewsiz nemli barda bilen örtülen çiş bolup ýüze çykýar. Örän haýal ösýär. Dişlenilmegi oňa çişme hadysasynyň goşulmagyna getirýär. Fibromalar gaty we ýumşak bolýarlar. Gaty fibroma kollagena baý birleşdiriji dokuma görnüşinde bolýar. Ýumşak fibro-

manyň düzüminde, ýag dokumasy bar we ony fibrolipoma diýip atlandyrýarlar. Ýüzde gistiositleriň, fibroblasta meňzeş öýjükleriň, dürli mukdardaky kollagenleriň we gan damarlaryň garyndysyndan durýan dermatofibroma (gistiositoma) duş gelýär. Köplenç, bardasyz bolýar. Geçişi boýunça gaty-çeýe dykyzlykly, çäklenen agyrysyz çiş görnüşinde bolýar, burunda ýerleşende ýüzüň keşbini gaçyrýar.

Bejergisi çişi sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrmakda jemlenendir. Dişleýşiň bozulmalaryny, beýleki şikes ýetiriji sebäpleri ýüze çykarmak we olary wagtynda aýyrmak gerek.

### 12.7.1.2. Fibromatoz

Agyz boşlugynda diş etiniň we onuň emzijekleriniň tutuşlaýyn ösmegi bilen diş etiniň fibromatozy görnüşinde ýüze çykýar. Adatça, seýrek duş gelýär, ýaşlarda we orta ýaşly adamlarda ýüze çykýar (*195-nji surat*).



*195-nji surat.* Diş etleriniň fibromatozy

Geçişi boýunça dişleriň täçleriniň bölekleýin ýa-da doly örtýän diş etiniň tokga zolak görnüşinde ulalmagy kesgitlenilýär. Köplenç, diş etiniň agyz bosagasy tarapyndan bolýar, emma dil ýa-da kentlewük taraplardan hem döräp bilýär. Ösüntgileriň ýüzi käwagt bölek-bölek, papillomatoz görnüşinde, köplenç, tekiz, nemli bardanyň reňki solak ýa-da gyzaran. Fibromatoz ýerleri el barlagynda gataňsy-çeýe dykyzlykly, agyrysyz. Köplenç, dişleriň täçleriniň we diş etiniň arasynda kiseleriň döremegi, birleşdiriji dokuma ösüntgileriniň çuňňur gopmagyna we olaryň şikeslenmegine getirýän iýmitiň ýygnanmagy, diş daşlarynyň döremegi we çişme hadysasynyň ýüze çykmagy bolýar. Uzak wagtyň dowamynda bolan diş etiniň fibromatozynda rentgen suratda seýrek bolmadyk ýagdaýlarda dişara süňk perdeleriniň we öýjükli ösüntginiň gerşiniň eremegi kesgitlenilýär. Kentlewük tarapdan has oňat bildirýän ýokarky äň iki tarapdan hem güberçekleriniň ýanynda ýerleşýän birleşdiriji dokuma çiş görnüşi ýokarky äň güberçekleriniň fibromatozy diýlip atlandyrylýar (ozal «simmetrik fibromalar» ady bilen ýazylan) (*196-njy surat*). Şonuň ýaly fibromatoz, emma seýrek, käwagt aşaky äň öýjükli ösüntgisiniň yz böleklerinde hem duş gelýär.



*196-njy surat.* Ýokary äňiň güberçek ýeriniň fibromatozy

Ulaldyjy enjam barlagynda diş etleriniň fibromatozy damarlary az, süýümli, dykyz birleşdiriji dokumanyň ösmegi görnüşinde bolýar.

**Bejergisi.** Çiş dokumasyny süňke çenli, şol sanda süňk bardasy bilen bilelikde, tapgyrlaýyn, birwagtda 6-8 dişiň çäklerinde, kesip aýyrýarlar. Süňkün ýalaňaçlanan ýerleri kseroformly hasa bilen örtülýär we ol 7-8 günden düwür-düwür dokuma döränden soňra gaçýar hem-de ýarada ýuwaş-ýuwaşdan örtgi dokuma emele gelýär. Käwagt kesilip aýrylandan soňra täzeden amal talap edýän gaýtalanma ýüze çykýar.

### 12.7.1.3. Epulis

Soňky 20-30 ýylyň dowamynda epulisleri (birleşdiriji dokumaly, gan damarly we mähnetöýjükli) öwrenmek olara bolan garaýşyň üýtgemegine getirdi. Olary diňe öýjükli ösüntgide ýerleşişleri bilen birleşdirmek, häzirki zaman onkologiýasynyň nukdaýnazaryna gabat gelmeýär. Keseliň bu görnüşleriniň arasynda çişler (fibroma, angioma) we çişe meňzeş keseller (birleşdiriji dokumaly we gan damarly epulis) duş gelýär. Soňkular emeli diş täçleri, petiklemeler, dişleýşiň bozulmalary we başga sebäpler bilen dokumanyň güýçli ösüp çykmak jogaby bilen diş etiniň üznüksiz çişmesiniň dürli döwürleri bolup durýar. Şeýle hem olaryň dokuma gurluşy köp derejede çişme ojagynyň goranyş ukyby taýdan üýtgänligini häsiýetlendirýär. Mähnetöýjükli epulis diýip ozallar bir bölegi diş etiniň ýumşak dokumalaryndan, galan bölegi bolsa öýjükli ösüntginiň süňkünden döreýän diş etinde ýerleşen gögümtil-gyrmyzy reňkli çişe meňzeş kesele aýdýardylar. BSGG-niň ÇHDGKB görä birmeňzeş keselleriň ikisiniň dürlüdigi ýüze çykarylan we bu hem olary bölmeklige getirdi. Diş etiniň dokumalaryndan dörän çişi çet ýer mähnetöýjükli granulýoma diýip atlandyrylýar we ol ýumşak dokumalaryň birleşdiriji dokuma çişe meňzeş kesellerine degişli edilýär. Ösüp başlaýan ýeri süňk dokumasy bolan beýlekisini merkezi mähnetöýjükli granulýoma diýip atlandyrýarlar (mähnetöýjükli reparatiw granulýoma) we ol süňküň çişe meňzeş kesel toparyna degişlidir.

Epulis stomatologyň işinde köp duş gelýär. Ony, esasan, uly ýaşly adamlarda, köplenç, aýallarda ýüze çykarýarlar. Fibromatoz we gan damarly epulisleriň geçiş alamatlary, esasan, meňzeşdir.

**Birleşdiriji dokumaly epulis** gyrmyzy reňkli agyrysyz gaty ösüntgi bolup, köplenç, gyralary gyzaran, bellibir şekili bolmadyk, anyk çäkleri bilen ýeterlik ýogynlykda düýbi bolan görnüşde ýüze çykýar (*197-nji surat*). Adatça, diş etiniň agyz bosagasy tarapynda ýerleşip, diş aralary boýunça eýer görnüşinde içki agyz boşluk tarapyna ýaýrap biler. Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda epulisiň ýanynda ýerleşen dişiň erbet berkidilen metal täji, gowy goýulmadyk petigi, karioz boşlugy ýa--da şikes ýetirip duran emeli diş gurnamasynyň ilgençegi we ş.m. bolýar. Olar birleşdiriji dokuma öwrülýän düwür-düwür dokuma döräp ýüze



*197-nji surat.* Aşaky äňiň birleşdiriji dokumaly epulisi

çykýan üznüksiz köpelme hadysasynyň emele gelmeginiň şikes ýetiriji sebäbi we başlangyç pursady bolup durýar, olar bolsa ösüp ýetişmekliginiň netijesinde kämil birleşdiriji dokuma öwrülýär. Bu üýtgemeler birleşdiriji dokumaly epulisiň dokuma gurluş ýagdaýyny görkezýär.

**Gan damarly epulis** diş etinde çäklenen ölçeglerde döräp, birleşdiriji dokumaly epulise görä özüniň gyzyl reňki, oňa görä ýumşak dykyzlygy we esasan hem, diňe bir şikeslenmeden soň döremän, özbaşdak hem ganaýanlygy bilen tapawutlanýar. Ulaldyjy enjam barlagynda gan damarly epulisiň ýetişip gelýän birleşdiriji dokumanyň düşeginde köpsanly gan damarlary kesgitlenilýär.

**Çet ýer mähnetöýjükli granulýoma** geçişi boýunça epulisiň ýokarda ýazylan görnüşlerine meňzeşligi bar, emma onuň özüniň häsiýetli aýratynlyklary bar: gögümtil-gyrmyzy reňk, diş yzlary we baş ýerleri bilen büdür-südür ýüzi, gataňsy-çeýe dykyzlygy, şeýle hem ganamasy bar (*198-nji surat*). Dokuma gurluşy boýunça kesel köpsanly köpmaňyzly mähnetöýjükler bilen häsiýetlendirilýär. Özeni köpsanly gan damarlary bilen gurşalan we öýjüklere baý, birleşdiriji dokumanyň zolaklary seýrek. Gemosideriniň dänejikleri bar. Kesilip aýrylanyndan soňra seýrek bolmadyk ýagdaýda gaýtadan döreýär.



*198-nji surat.* Aşaky äňiň çep tarapyndaky çet ýer mähnetöýjükli granulýoma

**Göwrelileriň granulýomasy (göwrelileriň epulisi)** käbir aýallarda göwrelilik döwründe ýüze çykýar, çalt ösýänligi we ganaýanlygy bilen tapawutlanýar. Çaga dogranlaryndan soňra granulýoma kiçelýär, käbirlerinde doly aýrylýar.

Ýumşak dokumalardan dörän epulislerde rentgen barlagy süňk dokumasynyň kesel üýtgemesini ýüze çykarmaýar.

Birleşdiriji dokumaly we gan damarly epulisleriň bejergisi hemişe hirurgik amaly talap edip durmaýar. Ilkinji nobatda we esasy bolup hili pes emeli diş gurnamalary, petigiň düzlenmegi we düzedilmegi, karioz dişleri bejermek, kökleri sogurmak, dişleýşi kadalaşdyrmak görnüşinde şikes ýetiriji sebäpleri aradan aýyrmak gerek. Geçirilen çärelerden 2-3 hepde soňra diş etinde ýerleşen çişiň düýpli kiçelmegi, käwagt doly ýok bolmagy bolup geçýär. Eger-de epulis doly kiçelmese we aýrylmasa, onda ol, köplenç, uly we birnäçe dişleriň deňesinde ýerleşen epulislerde gatylaşýar, ýygrylýar, reňki boýunça daş-töwereginiň nemli bardasyndan tapawutsyz bolýar, onuň kiçelmek we aýrylmak hadysasynyň birnäçe aýlap dowam edip bilýänligi sebäpli, kesip aýyrmaga howlukmaly däl. Emeli diş gurnama salmak meselesi ýüze çykanda epulisi kesip aýyrmak bolar.

Çet ýer mähnetöýjükli granulýomada amal bejergi çişi sagdyn dokumalaryň çäginde kesip aýyrmakda jemlenendir. Pyçak bilen granulýomadan 2-3 *mm* daş-

gyn dokumalar süňke çenli kesilýär we süňk gopargyç bilen çişi süňk bardasy bilen bilelikde goparyp aýyrýarlar. Ýumşak dokumanyň ganaýan ýerlerini elektroköýdüriji bilen saklaýarlar. Adatça, ýarany tikip bolmaýar, ony kseroformly hasa bilen ýapýarlar. Düwür-düwür dokuma döränligi üçin goýlan hasa gaçýar we ýara örtgi dokuma bilen bitýär. Amal çişiň ýerleşen ýerindäki dişleriň boýunjyklarynyň ýalaňaçlanmagyna getirip biler. Epulisleriň ähli görnüşlerinde we çet ýer mähnetöýjükli granulýomada çişiň çäklerinde ýerleşen sagdyn dişleri saklajak bolup çalyşýarlar. Göwrelileriň granulýomasy, adatça, göwrelilik döwründe bejergi geçirmeklige degişli däldir. Emma gepleýiş we çeýneýiş işjeňliginiň bozulmalary dörän ýagdaýynda kesip aýyrmak görkezilendir.

### 12.7.1.4. Fibrosarkoma

Fibrosarkoma – seýrek duş gelýän, gelip çykyşy boýunça birleşdiriji dokuma emele getiriji howply çiş. Çişiň ýüzi büdür-südür, umuman, haýal ulalýar, başlangyç döwründe agyrysyz, giçki döwründe agyry döreýär we onuň üstünde baş döremegi mümkin. Çeýneýiş muskulyň kesele çekilmekligi sebäpli agzynyň açylyşynyň çäklenmesi döreýär. Çişiň gan damarlar boýunça daşky synalara ýaýrama bermäge ukyby bar.

Bejergisi hirurgik, çiş şöhlä duýgur däl. Çişiň ýerleşen ýerini sagdyn dokumalaryň çäklerinde giňişleýin kesip aýyrmak amala aşyrylýar.

### 12.7.2. Ýag dokumasynyň çişleri we çişe meňzeş keselleri

### 12.7.2.1. Lipoma

Lipoma – kämil ýag dokumasynyň howpsuz çişi. Köplenç, ýaňak, eňegasty, äňasty we gulakýany töwereklerde ýerleşýär. Çişiň daşynyň bardasy bar, haýal ösýär, agyry döretmeýär, ýerleşen ýeriniň gübermegine getirýär. El barlagynda hamyra meňzeş dykyzlykly, çişiň çäkleri hemişe anyk kesgitlenip durmaýar (*199-njy surat*).

Bejergisi hirurgik, çişi daşynyň bardasy bilen kesip aýyrýarlar.



*199-njy surat.*
Ýaňagyň lipomasy

### 12.7.2.2. Tutuş ýaýran lipomatoz

Tutuş ýaýran lipomatoz – çişe meňzeş kesel bolup, onuň esasynda kämil ýag dokumasynyň köpelmegi ýatyr. Bedeniň dürli ýerlerinde, şol sanda äň-ýüz töwereginde hem bolan köpsanly lipomatoz düwünler görnüşinde, şeýle hem ýag doku-

masynyň boýunda ýaka şekilli ösüp galňamasy bolýan Madelungyň keseliniň ýüze çykmasy görnüşinde duş gelýär (*200-nji surat*).

Bejergisi hirurgik, ýüzüň we boýnuň has bildirip duran gyşarmalarynda geçirmek görkezilen.



*200-nji surat.*
Ýüzüň tutuş ýaýran iki taraplaýyn meňzeş lipomatozy. Madelungyň keseli

### 12.7.3. Muskul dokumasynyň çişleri

Muskul dokumasynyň çişleri howpsuz we howply bolup bilýär. Düz muskuldan döräp, olary howpsuz çiş – – leýomiomalar we howply çiş – leýomiosarkomalar, keseçyzykly muskuldan döräp, degişlilikde, rabdomiomalar we rabdomiosarkomalar diýlip atlandyrylýar. Bu çişler äň-ýüz töwereginde örän seýrek ýüze çykarylýar.

Olaryň bejergisi hirurgik.

### 12.7.4. Gan damarlaryň çişleri we çişe meňzeş keselleri

Gan damarlaryň çişleri has köp duş gelýär we äň-ýüz töwereginiň ähli çişleriniň 25%-e çenlisini we diňe ýumşak dokumalaryň çişleriniň 65%-ini tutýar. Olar, esasan, ýüzde ýerleşýär, gyşarma we ýüz keşbiniň bozulmagyny, äň-ýüz töwereginiň işjeňlik bozulmalaryny döredýär, käwagt gan akmagyna getirýär. Gan damarlaryndan dörän keselleriň arasynda howpsuz çişler we çişe meňzeş keseller bar: dürli görnüşli gemangiomalar, glomus çişi (*glomangioma*), ulgamlaýyn gemangiomatoz, düwür-düwür dokuma görnüşli «gemangioma» we howply çiş angiosarkoma.

#### 12.7.4.1. Gemangioma

Bu köpelýän gan damarlaryndan durýan bellibir çägi bolmadyk howpsuz çişdir. Gelip çykyşy häzirki wagta çenli gutarnykly belli edilmedik. Gemangiomalaryň köpüsini gan damarlaryň nädogry ösüşine degişli edilýär. Az sanly bölegi hakyky çiş bolup durýar, emma olary anyk toparlara bölmek kyn.

Gemangiomalar, köplenç, doga döreýär we bedeniň ösmegi bilen ol hem ulalýar. Käwagt dokumalarda çuňňur ýerleşip, bilinmän galýar we ömrüniň giçki döwürlerinde ýüze çykarylýar.

Äň-ýüz töwereginiň ýumşak dokumalarynyň gemangiomalary käwagt ýüz süňkleriniň zaýalanmagy bilen utgaşyp duş gelýär. Ol daş-töwereginiň dokumalarynyň zaýalanyp dargamagyna getirýän siňip ösýan häsiýetli bolup biler we seýrek howply häsiýete geçip biler.



*201-nji surat.* Ýüzüniň ýönekeý gemangiomasy

Çagalarda käwagt doga gemangiomalar ömrüniň ilkinji ýylynda kiçelip we aýrylyp bilýär (3-5% halatlarda). Gemangiomalaryň arasynda ýönekeý, öýjük-öýjük, salkym şekilli we howpsuz gemangio-endotelioma görnüşleri bar.

**Ýönekeý gemangioma,** köplenç, ýaňak we gözasty töwereklerde, ýüzüň başga ýerlerinde seýrek duş gelýär. Geçişi boýunça anyk çäkleri bolan gyrmyzy reňkli tegmil görnüşinde ýüze çykýar (*201-nji surat*). Oňa basylanda reňki birden solýar, käwagt bolsa ýitýär. Ýönekeý gemangioma derini we agyz boşlugynyň nemli bardasyny zeperleýär, olaryň aşagynyň dokumalaryna hem ösüp bilýär.

Mikroskopiýada (ulaldyjy enjam barlagynda) bir gat endotelial öýjükler bilen örtülen uly bolmadyk kapilýar görnüşli damar akabalaryndan durýar.

Gan damar gemangiomasy basylanda, reňki üýtgemeýän menekli haldan tapawutlandyrmak gerek.



*202-nji surat.* Ýokarky dodagyň öýjük-öýjük gemangiomasy

**Öýjük-öýjük gemangioma** ýüzde beýleki görnüşlerden köp duş gelýär we ähli gemangiomalaryň, takmynan, 70%-ini eýeleýär. Käwagt ol uly bolmadyk gögümtil reňkli çäklenen görnüşde, ýumşak dykyzlykly bolýar. Öýjük-öýjük gemangiomanyň ýaýraň görnüşi birnäçe töweregi eýeläp, ýüzüň keşbini zaýalaýar, ýüzüň we agyz boşlugynyň synalarynyň gyşarmasyny döredýär (*202-nji surat*). Gögümtil-gyzyl reňkli, ýumşak dykyzlykly, agyrysyz, büdür-südür çiş kesgitlenilýär, onuň içinde bolsa rentgen suratda hem bildirýän uly bolmadyk gaty zatlar-angiolitler el bilen kesgitlenip bilner. Dolujylyk alamaty häsiýetlidir: çişe basylanda boşluklaryň gandan boşamagy sebäpli, çişiň kiçelmegine getirýär, kellesini aşak egeninde çiş gandan dolýar we ulalýar. Çiş dilde, dodakda ýerleşmek bilen olaryň diňe bir gyşarmasyny döretmän, eýsem, çeýnemegiň, dodaklaryň we äňleriň ýapylmagyny we başga işjeňlik bozulmalaryny hem döredýär. Gemangioma şikeslenen ýagdaýynda gan akma döreýär, ýokanjyň ýolukmagy çişme hadysasyna getirýär. Gemangiomanyň ýaýraňlygyny kesgitlemek üçin ýöriteleşdirilen bölümde amala aşyrylýan angiografiýa ulanylýar. Gemangioma sanjylanda sanjawaja aňsatlyk bilen gelýän gan alýarlar. Onuň öýjük barlagy çet ýer ganyň düzümini ýüze çykarýar. Ulaldyjy enjam barlagynda öýjük-öýjük gemangioma, esasan, bir gat endotelial öýjükler bilen örtülen öýjük-öýjük damar gurluşlardan durýar.

**Salkym (şaha) şekilli gemangioma** öýjük-öýjuk gemangiomadan çişiň damar urgusynyň barlygy bilen tapawutlanýar. Ulaldyjy enjam barlagynda ol galyň diwarly egrem-bugram wena we arteriýa görnüşli damarlardan durýar. Ony arterio-wenoz

damar giňelmesinden tapawutlandyrmak gerek. Käbir näsaglarda gemangiomanyň dürli görnüşleriniň utgaşygy bolýar.

**Bejergisi.** Hirurgik stomatologiýada gemangiomanyň görnüşine, ölçegine we ýerleşýän ýerine baglylykda bejerginiň dürli usullaryny ulanýarlar. Amal usuly, mürüşdiriji bejergini, çişiň elektro-köýdürmesini we sowuk täsirini özbaşdak görnüşde, şeýle hem biri-biri bilen utgaşdyryp ulanylýar.

Has uly bolmadyk ölçeglerdäki ýönekeý, öýjük-öýjük we beýleki gemangiomalary kesip aýyrýarlar we ýarany tikýärler. Ýüzüň keşbini zaýalaýan uly ýönekeý gemangiomada hirurgik kesip aýyrmak we kemtigi erkin geçirilen öz deri kesim bölegi bilen ýapmak has oňat owadanlyk netijesini berýär. Ýaýraň öýjük-öýjük, salkym görnüşli we beýleki gemangiomalarda amal köp gan ýitmegine getirip biler, şonuň üçin hem mürüşdiriji bejergini özbaşdak usul görnüşde ýa-da amal bilen utgaşdyryp geçirmeklige artykmaçlyk berilýär. Käwagt mürüşdiriji ergin goýberilmezden öňünçä gelýän we gidýän damarlary daňýarlar. Diliň öýjük-öýjük gemangiomasyny ýüpek sapak bilen düşekçe tikini görnüşinde tikmek bolýar we ol çişde bertik döremegine we kiçelmegine getirýär.

Mürüşdiriji bejergi damar boşluklarynyň içinde iriňsiz çişme hadysasynyň döremegi netijesinde olaryň boşamagyna we birleşdiriji dokuma bilen bitmegine esaslanan. Bejergi üçin himiki serişdeler – salisil turşynyň 2%-li erginini we köplenç, 70° etil spirti ulanylýar. Spirti çiş dokumasynyň içine gemangiomanyň ölçegine baglylykda 5-90 *ml* möçberde goýberilýär, ol boşluga we damarlaryň içine düşüp, ganyň lagtalanmagyny döredýär. Mürüşdiriji ergin goýberilenden soňra, basyp duran sargy goýulýar. Soňraky 6-8 günüň dowamynda ýellenme we agyryly gataňsylyk döreýär. Mürüşdiriji ergini gaýtadan goýbermegi ilkinji sanjymdan soňra azyndan 2 hepdeden amala aşyrýarlar. Bejerginiň netijesinde çiş kiçelýär ýa-da aýrylýar. Çişi ýörite gural bilen gysmak bilen spirt goýbermek we onuň bilen öýjük-öýjük boşluklary ýuwmak usuly hem bar. Çişiň elektroköýdürmesi ýörite enjamyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Iki işjeň tok simler bilen dokuma içinde geçirilýän köýdürme oňat netije berýär. Uly bolmadyk gemangiomalar arasynda galar ýaly edip, iňňe görnüşli iki sany tok simleri sançýarlar. Çiş uly bolanda tok simlerini onuň daş gyralary boýunça goýýarlar. Köýdürmekligiň netijesinde ýüzleý gemangiomalarda galyň gemre, çuňňurlarda bolsa gataňsylyk emele gelýär we olar bertik emele gelmegi bilen tamamlanýar.

Soňky ýyllarda suwuk azot bilen döreýän sowuk täsirini ulanmak giň gerim aldy. Sowuk täsirini çalmak usuly bilen we «açyk sepmek» usuly bilen amala aşyryp bolar. Ýönekeý gemangiomada sowuk täsir etmegi netijesinde pakgarçak emele gelmegi bilen II derejeli ýüzleý çüýreme döremegini gazanýarlar. Ondan soňra galyň gemre emele gelýär we ol 10-14 günden gaçýar. Öýjük-öýjük angioma bolan ýagdaýynda sowuk täsiri netijesinde doly çüýremäni gazanmak gerek we ol bertik bilen dolup, 2-3 hepdeden gopup bitýär. Ýokarda ýazylan usullardan başga-da, seýrek halatlarda şöhle bejergisi hem ulanylýar.

### 12.7.4.2. Ulgamlaýyn gemangiomatoz

Ulgamlaýyn gemangiomatoz – çişe meňzeş kesel bolup, onda bir ýa-da birnäçe synalaryň we dokumalaryň zaýalanmagy ýüze çykýar. Bu topara Randýu-Osler-Weberiň keseli degişlidir we ol agyz boşlugynyň nemli bardasynda, ýüzüň we bedeniň başga ýerleriniň derisinde ýerleşen köpsanly ganaýan teleangiektaziýalar görnüşinde ýüze çykýar. Şeýle hem Sterj-Weberiň keseli we käbir başga alamatlar toplumlary degişlidir. Sterj-Weberiň keseli üç alamat bilen häsiýetlendirilýär: ýüzüň deri angiomalary, garaguş keseli görnüşli newralgiýa alamatlary we akyl taýdan kemlik, şeýle hem göz almasynyň basyşynyň ýokarlanmagy, görüjiliginiň peselmegi we gözler tarapyndan we ş.m. bozulmalar bolýar.

Bejergisi kesel alamatlaryna garşy görnüşinde geçirilýär. Ýygy- ýygydan gan akmaklygy gipohrom gan azlylyga getirýänligi sebäpli, Randýu-Osler-Weberiň keselinde ganaýan teleangiektaziýalar köýdürilýär.

### 12.7.4.3. Düwür-düwür dokuma görnüşli «gemangioma»

Bu çişe meňzeş kesel bolup, köplenç, şikeslenip durýan agyz boşlugynyň, ýaňaklaryň, diliň, dodaklaryň nemli bardasynda duş gelýär. Onuň çalt ösmeklik ukyby bar we 1-2 hepdäniň dowamynda 2-3 *sm*-e çenli uzynlyga ýetýär. Ol aýaklyja, büdür-südür, çalymtyl-gyrmyzy reňkli, seýrek bolmadyk ýagdaýda sypjyrykly, nem bilen örtülen bolýar. Onuň düýbünde gataňsylyk bolmaýar. Ulaldyjy enjam barlagynda damarlara baý, üznüksiz çişme we birleşdiriji dokuma alamatly bölekleýin kapillýar gemangioma ýa-da düwür-düwür dokuma görnüşinde bolýar.

Bejergisi sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrmak bilen geçirilýär.

### 12.7.5. Limfa damarlaryň çişleri we çişe meňzeş keselleri

Limfa damarlaryň çişleri gan damarlarynyňka görä has seýrek duş gelýär. Äň-ýüz töwereginiň ýumşak dokumalarynda aglaba ýagdaýda howpsuz görnüşli limfangioma duş gelýär. Ulgamlaýyn limfangiomatoz we limfangiosarkoma örän seýrek ýüze çykýar. Limfangioma, adatça, döreýşi boýunça doga häsiýetli bolýar, käwagt gemangioma bilen utgaşyp duş gelýär.

**Limfangioma**. Ony ýönekeý, öýjük-öýjük we kistoz (gigroma) görnüşlere bölýärler. Has köp duş gelýäni öýjük-öýjük limfangiomadyr. Ol, köplenç, ýaňakda, dodakda, dilde ýerleşýär, käwagt birnäçe ýeri eýeleýär we işjeňlik bozulmalary döredýär. Geçişi boýunça gemangioma meňzeş, emma örtýän deri we nemli bardanyň reňki üýtgewsiz galýar. Limfangiomada ony örtýän nemli bardanyň şikeslenmegi we soňraky ýokanç ýolukmasy netijesinde, köplenç, çişme hadysasyna eltýär. Kesel dodaklarda ýerleşende, *makroheýliýa* (*203-nji surat*), dilde *makroglossiýa*

alyp barýar we bu ýagdaýda onuň ýygyrtlary has bildirip durýar, nemli barda gabarçak şekilli ösüntgiler bilen däne-däne görnüşde bolýar. El barlagynda üýtgän dokumalar gataňsy bolýar we çişme hadysasy ýoluganda agyry döreýär.

Limfangioma sanjym edilende, sanjawaja açyk, käwagt bulanyk suwuklyk alýarlar, köplenç, içinde gan goşundylary bolýar.

Bejergisi üýtgän dokumalary kesip aýyrmakda jemlenendir. Ýaýraň uly ölçegleri bolanda tapgyrlaýyn kesip aýyrmaklygy geçirýärler. Dodaklaryň limfangiomasynda goşa dodakdaky ýaly amal edýärler. Diliň limfangiomasynda keselli ýeriň nemli bardasy goparylýar, limfangiomatoz nemli bardasty gatlagy we artykmaç nemli bardany kesip aýryp, ýara tikilýär.



*203-nji surat.* Ýokarky dodagyň ýönekeý limfangiomasy

### 12.7.6. Çet ýer nerwleriň çişleri we çişe meňzeş keselleri

Bu keseller seýrek duş gelýär hem-de ýüzüň we äň ähli çişleriniň we çişe meňzeş kesselleriniň 1,5%-den az bölegini tutýar. Howpsuz çişlere – *neýrofibroma* we *neýrilemmoma* (*şwannoma*), çişe meňzeş kesellere – *neýrofibromatoz* (Reklingauzeniň keseli) we şikes newromasy, howply çişlere – howply şwannoma (*neýrogen sarkoma*) degişli.

### 12.7.6.1. Neýrofibromatoz (Reklingauzeniň keseli)

Bu dogabitdi kesel bolup, ýüz süňkleriniň gyşarmasy, bedende kofe reňkli tegmilleriň döremegi we ýüzüň keşbiniň zaýalanmagy görnüşinde alamatlar toplumy bilen häsiýetlendirilýär. Çetki nerw süýümleriniň we birleşdiriji dokumanyň ösmegi bilen adamyň ýüzüne zeper ýetmegine eltip bilýär, ýagny çeýeligini ýitirip we olaryň sallanmagyna getirýän artykmaç deri we derasty dokuma döreýär. Köplenç, kesel kelläniň, ýüzüň we boýnuň bir tarapynda ýüze çykýar hem-de gulak ýelkeni ulalýar we daş-töwereginiň dokumalary bilen aşak süýşýär. Keselli ýeriň el barlagy agyryny we dokumalaryň çuňňur içinde kesilen aş zolaklaryny ýada salýan gaty zolaklary ýüze çykarýar. Keseliň sallanýan artykmaç dokuma, menekli we düwünli görnüşleri bar (*204-nji a,b suratlar*).

Bejergisi zeperlenen dokumalaryň tapgyrlaýyn kesilip aýrylmagynda jemlenendir. Ony ýüze zeper ýetirmezlik maksady bilen geçirýärler.



*a)* *b)*

*204-nji a, b suratlar.* Ýüzüň neýrofibromatozy:
*a* – ýüzüniň çep tarap sallanýan artykmaç dokuma görnüşli neýrofibromatozy;
*b* – ýüzüniň çep tarap gulak çukurynda we eňek töwereginde ýerleşen menekli görnüşi bolan neýrofibromatozy

### 12.7.6.2. Şikes newromasy

Eňek nerwiniň çykýan ýeriniň deňesinde, agyz boşlugynyň bosagasynyň aşaky geçiş ýygyrdy boýunça ýerleşýär. Esasan, aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyndan peýdalanýan aşaky äň doly dişsizligi we öýjükli ösüntgisiniň çökmesi bolan gartaşan adamlarda duş gelýär. Newromanyň döremeginiň sebäbini eňek nerwiniň adybir deşikden çykýan ýerinde emeli diş gurnamanyň gyrasy bilen hemişe şikeslenip durmagy bilen baglanyşdyrýarlar.

Geçişi boýunça ölçegleri 0,5 *sm*-e çenli togalak-süýri görnüşli, agyryly, gaty-çeýe dykyzlykly, käwagt üsti büdür-südür çiş kesgitlenilýär. Agyz bosagasynyň geçiş ýygyrdynyň nemli bardasynyň aşagynda, aşaky äň kiçi azy dişleriniň deňesinde ýerleşýär. Keseli onuň taryhynyň we geçişiniň maglumatlarynyň esasynda kesgitleýärler.

Şikes newromasynyň bejergisi emeli diş gurnamasynyň düzedilmegi ýa-da ony ulanmagy bes etmek arkaly onuň gyrasynyň hemişelik gyjyndyrmasyny aýyrmaga gönükdirilendir. Amal bejergini, adatça, geçirmeýärler, sebäbi newromany kesip aýyrmak eňek töwereginiň we aşaky dodagyň duýgurlygynyň ýitmegine getirýär we bu ýagdaý näsaglar tarapyndan şikes newromasynyň özüniň agyrylaryndan hem erbet kabul edilýär.

## 12.8. ÄŇLERIŇ SÜŇK ÇIŞLERI, ÇIŞE MEŇZEŞ KESELLERI WE ÖRTGI DOKUMA (DIŞ SEBÄPLI DÄL) KISTALARY

Süňk çişleri ilkibaşda süňkde döräp, onuň düzümine girýän birleşdiriji dokuma böleginden emele gelýär. Äňleriň çişleri geçiş-rentgen şekilleri hem-de dokuma gurluşlary boýunça beýleki süňkleriň çişlerine meňzeşdir, emma ýüzüň düwünçeklikden emele gelşi we dişleriň bolmagy bilen baglanyşyklygy sebäpli aýratynlyklary bar. Olaryň arasynda howpsuz we howply çişler, çişe meňzeş keseller we örtgi dokuma (diş sebäpli däl) kistalar bar. Howply çişleriň – sarkomalaryň duş gelşiniň ýeterlik ýokarydygy (20%-e çenli) ünsi özüne çekýär. Ilkinji döreýişli süňk çişleriň dokuma emele getirijiligi boýunça süňk emele getiriji, ketirdewük emele getiriji, mähnetöýjükli çiş, süňk-ýilik, damar, beýleki birleşdiriji dokuma we ş.m. görnüsleri bar.

### 12.8.1. Süňk emele getiriji çişler

Bu kesellere öz ösüşinde çiş süňk dokumasyny emele getirýänler degişli. Olaryň arasynda howpsuz çişler – osteoma, osteoid – osteoma we osteoblastoma, süňkleşýän fibroma, howply çiş – osteosarkoma bar.

#### 12.8.1.1. Osteoma

Bu doly ösüp ýetişen süňk dokumasyndan bolan howpsuz çiş kesel bolup, käbir maglumatlara görä, äňleriniň süňk çişleri bolan näsaglaryň arasynda 8%-ini tutýar hem-de köplenç, ýaş we orta ýaşly aýallarda duş gelýär. Çet ýer we merkezi osteomalar bar. Çet ýer osteoma togalak ýa-da bellibir şekilsiz görnüşde süňkde dörän zat bolup, inçejik ýa-da ýogyn düýbi bilen äň süňküne birleşen bolýar hem-de ýüzüň gyzarmasyna getirýär.

Süňk içre bardadan gaýdýan merkezi osteoma äň süňküniň içinde ýerleşýär, uly bolmadyk ölçegi (1,5 *sm*-e çenli) bolýar we kesel alamatsyz geçýär. Onuň süňk dykyzlaşma ojagy görnüşinde ýüze çykmagy, belki-de, üznüksiz kök daşynyň bagjygynyň çişme hadysasy netijesinde gyjyndyrma bolan jogapdyr. Çiş dokumasynyň gurluşy boýunça dykyz we öýjükli osteoma bar. Osteomalara äň öýjükli ösüntgisinde ýerleşýän bir ýa-da birnäçe uly bolmadyk süňk çykyndylary görnüşindäki ekzostozlar we osteofitler ýakyndyrlar. Olaryň gelip çykyşy doly anyklanylmadyk, köp alymlar olary çişlere degişli etmeýärler. Olar haýal ösýärler, emma öýjükli ösüntginiň gyşarmasyny döredip, emeli diş gurnamasyny ýasamaklyga päsgelçilik döredýärler.

Osteomanyň geçişi onuň ölçegine we ýerleşýän ýerine bagly. Ol bildirmän we agyrysyz ulalýar, ýüz süňkleriniň dürli ýerlerinde döreýär. Işjeňlik bozulmalary ýokarky äňde (goşa görmegi, burundan dem alşynyň kynlaşmagy), duluk süňküniň ýaýynda (agzynyň açylyşynyň çäklenmegi) ýerleşende döräp biler. Biz şekilli ösüntginiň osteomasy (megastiloid diýlip atlandyrylýan görnüşinde) äňyzy tôwerekde we bokurdagyň degişli ýarty böleginde ýakymsyz duýgulara getirýär. Osteoma howply häsiýete geçmeýär.

Osteomanyň, aýratyn-da onuň dykyz görnüşiniň häsiýetli rentgen görnüşi bardyr. Rentgen suratda ol süňke görä has dykyz, anyk çäkleri bolýar, çet ýer görnüşinde bolsa, äň çäklerinden daşyna çykýan emele gelen süňk çişi görnüşinde ýüze çykýar. Öýjükli osteoma rentgen suratda birsydyrgyn däl, dykyzlaşma we seýrekleşme ýerleriniň gezekleşmegi şekilinde görünýär (*205-nji a, b, ç, d suratlar*). Merkezi osteoma şekilsiz uly bolmadyk ölçeglerdäki (1-1,5 *sm)* çäklenen süňk dykyzlaşma ojagy görnüşinde bolýar.



*a)* *b)* *ç)* *d)*

*205-nji a, b, ç, d suratlar.* Aşaky äňiň çep tarap öýjükli (*a, b*) we dykyz (kompakt) (*ç, d*) osteomasy:
*a, ç* – näsaglaryň daşky görnüşleri; *b, d* – rentgen we 3D suratlary

Öýjükli osteomany süňkleşýän fibromadan, hondromadan, osteosarkomadan, dykyz osteomany bolsa odontomadan tapawutlandyrmak gerek. Adaty görnüşinde osteomanyň dokumasy dykyz ýa-da öýjükli süňk görnüşinde bolýar. Dykyz osteomanyň ulaldyjy enjam barlagyndaky görnüşi ýetişen sagdyn süňküň gabyk gatlagynyň gurluşyny ýada salýar, emma umumy gurluş bozulmalary bilen tapawutlanýar: osteonyň akabalary (gawers akabalary) tertipsiz ýerleşýär, osteonlar täsin şekilleri bilen tapawutlanýar. Öýjükli osteoma öýjükli-süýümli dokuma gurşalan dürli derejede ýetişen egrem-bugram süňk taýajyklarynyň dokalmasy görnüşinde bolýar.

Bejergisi osteomany sagdyn süňküň çäklerinde kesip aýyrmakda jemlenendir. Amaly owadanlyk-keşp we işjeňlik görkezmeleri boýunça, şeýle hem emeli diş salmak meselesi ýüze çykanda amala aşyrýarlar. Amal bejergini geçirmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda (näsagyň umumy ýagdaýynyň bozulmagy, osteomanyň barmasy kyn ýerde ýerleşmegi we ş.m.) yzygiderli gözegçilik ýola goýulýar.

Näsagyň ömri üçin keseliň geljeginiň çaklamasy oňaýlydyr.

### 12.8.1.2. Osteoid – osteoma we osteoblastoma

Bu osteoblastiki howpsuz çişler öz ýüze çykyşynda käbir tapawutlyklarynyň bardygyna garamazdan, biri-biri bilen ýakyn ysnyşyklydyr. Olar seýrek, emma, esasan, orta ýaşly adamlarda duş gelýär.

Osteoid-osteoma (osteoidli osteoma) äň gabyk gatlagynda döreýär. Ýüzleý ýerleşip, ol ilkibada oňaýsyzlyk döredýär, soňra bolsa hemişelik bolmadyk, köplenç, gijelerine we iýmit iýleninde ýüze çykýan agyrylary döredýär. Onuň üstüniň nemli bar-

dasy gyzarýar, el barlagynda uly bolmadyk ölçeglerde (1 *sm*-e çenli) süňküň agyryly gübermesi kesgitlenilýär. Agyry alamatynyň bolmagyny käbir alymlar daş-töwereginiň süňküniň has-da dykyzlaşmagy bilen baglanyşdyrýarlar. Osteoblastoma süňküň öýjükli böleginde ýerleşip, uly ölçegler bilen (1-1,5 *sm*-den uly) häsiýetlendirilýär we adatça, onda agyry duýgulary we nemli bardanyň gyzarmasy bolmaýar.

Osteoid-osteomanyň rentgen barlagy anyk şekilleri we töwereginiň dykyzlaşan süňki bilen 1 *sm*-e çenli ululykda süňküň tegelek seýrekleşme ýerini ýüze çykarýar. Käwagt onuň merkezinde süňk ýaly gaty dykyzlaşma kesgitlenilýär. Osteoblastomada daş-töwereginiň dokumasynda güýçli süňk emele getirýän ýer bolmaýar, osteoid-osteoma garanyňda süňküň seýrekleşmesiniň ölçegleri has uly bolýar.

Çişleriň ikisini hem üç şahaly nerwiň çişme keselinden (newridinden) we newralgiýasyndan, äň üznüksiz osteomiýelidinden, kista görnüşli kesellerden tapawutlandyrmak gerek.

Adaty görnüşinde çişleriň ikisi hem gyzyl reňkli ýumşak dokuma görnüşli bolup, osteoid-osteomada seýrek bolmadyk ýagdaýda ortasynda süňkleşen ýeriň bolmagy bilen, daş-töwereginiň süňk dokumasynyň dykyzlaşmasynyň hasabyna agymtyl reňkli bolmagy bilen häsiýetlendirilýär. Dokuma barlagynda ýetişmedik süňkden we osteoidden bolan ýokary derejeli damarlaşan öýjükli dokumadan durýar. Käbir ýagdaýlarda osteoblastomany osteosarkomadan seljermek kyn bolýar.

**Bejeriş.** Bejergisi daş-töwereginiň dykyzlaşan ýerleri bilen bilelikde çişi kesip aýyrýarlar. Doly kesip aýyrmasaň, keseliň gaýtadan döremegi mümkin. Näsagyň ömri üçin keseliň geljeginiň çaklamasy oňat.

### 12.8.1.3. Süňkleşýän fibroma (fibroosteoma)

Bu howpsuz çiş diňe äň süňklerinde duş gelýär. Geçişi we rentgen görnüşi boýunça ol anyk çäkleriniň we bardasynyň barlygy bilen tapawutlanyp, birleşdiriji dokuma displaziýasyna meňzeşdir. Ozalky wagtlar oňa birleşdiriji dokuma displaziýanyň çäklenen görnüşi hökmünde garalan.

Süňkleşýän fibromany (*206-njy surat*) desmoplastiki fibromadan, ameloblastiki fibromadan howpsuz sementoblastomadan tapawutlandyrýarlar.



*206-njy surat.* Aşaky äňiň sag tarap süňkleşýän fibromasy (rentgen surat)

**Bejergisi.** Çişi bardasy bilen kesip aýyrýarlar.

Çaklamasy oňat, sagalma ýagdaýy gazanylýar.

### 12.8.1.4. Osteosarkoma

Bu ýokary derejeli howply çiş bolup, çiş öýjükleri tarapyndan gönüden-göni süňk ýa-da süňke meňzeş dokuma emele getirmegi bilen häsiýetlendirilýär. Äňleriň ilkinji döreýişli süňk howply çişleriniň arasynda has köp duş gelýär (50%-e çenli).

Osteosarkoma başlangyç döwürlerde hem öýkenlere gan damarlar boýunça ýaýrama berýär we käwagt olar başlangyç çişden hem ir ýüze çykarylýar. Köp ýagdaýlarda ýaş we orta ýaşly erkek adamlarda duş gelýär. Ýokarka görä aşaky äňde has köp duş gelýändigini belleýärler. Gabyk gatlaga ýakyn görnüşlerden tapawutlylykda süňküň içinden başlanýar we daş-töwereginiň dokumalaryna ösýär.

Seýrek bolmadyk ýagdaýda çişiň öňýanyndan şikes bolýar. Äň bedeniniň ýa-da öýjükli ösüntgisiniň daş ýüzünde agyryly ýellenme döreýär. Çişiň çäklerindäki dişler (bir ýa-da iki) süýnýär we yrgyldap durýar. Çiş çalt 1-2 aýyň dowamynda ulalýar, agyz boşlugy tarapdan hem güberçek döreýär. El barlagynda çiş süýşmeýär, gaty dykyzlykly bolýar, onuň üstüniň nemli bardasy dartylyp durýar, solak reňkli, giňän damarlar görnüp durýar. Yzygiderli agyrylar gijelerine azar berýär, degişli ýerleriň duýgurlygynyň peselmegi döreýär. Keseliň giçki döwürlerinde çiş uly ölçeglere ýetýär. Äň zeperlenme döwüginiň bolmagy mümkin. Sebitleýin limfa düwünler, adatça, ulalmaýar. Gowşaklyk, işdäniň peselmegi, bedeniň gyzgynynyň 38-39$^{o}$C-ä çenli ýokarlanmagy bolýar.

Osteosarkomanyň rentgen görnüşi üýtgemeleriň esasy iki – süňk döreme we süňk ereme görnüşleri bilen häsiýetlendirilýär. Süňk döreme görnüşde süňk dokumasynyň görnüp duran zaýalanmasy bolmazdan güýçli bildirýän dykyzlaşmasy bildirýär. Çişi anyk çäkleri bolmadyk we äň ýüzünde dik ýerleşen süňk «iňňeleriniň» – çykyndylaryň bolmagy bilen süňk dykyzlaşmasyny ýüze çykarýarlar (iňňeli süňk barda çişmesi). Süňk ereme görnüşi süňk dokumanyň tekiz däl, çyrşalan ýaly gyralary bolan şekilsiz kemtigi bilen häsiýetlendirilýär. Kemtigiň araçäginde gabyk gatlagy bölünip gopan we ýiti burç bilen ternaw görnüşinde galyp durýar. Soňky aýdylan alamatyň bolmagy çişiň daşky ölçegleriniň suratyny çekmäge we göz öňüne getirmäge ýol berýär. Kähalatlarda garyşyk görnüşi hem duş gelýär.

Osteosarkomanyň anyklamasy, aýratyn hem, başlangyç döwürde we çişiň süňk ereme görnüşi bolanynda kynçylyklar döredýär. Ony çişme hadysasyndan (üznüksiz osteomiýelit), mähnetöýjükli çişden (ereme görnüşi), Ýuingiň sarkomasyndan tapawutlandyrmak gerek. Kesel kesgitlemesi dokuma gurluşy boýunça tassyklanylan bolmalydyr. Öýjük barlagy üçin sanjym maddasyny alyp bolmaýan ýagdaýynda barlag üçin çişiň bölejigini kesip alýarlar.

Adaty görnüşinde çiş süňk döreme görnüşinde agymtyl reňkli süňke meňzeş dykyz dokuma bolup durýar, süňk ereme görnüşde bolsa ganap duran pytraýan madda bolup durýar.

**Bejergisi.** Bejergisi daş-töwereginiň ýumşak dokumalary bilen bilelikde äň bölegini kesip aýyrýarlar. Amalyň öňünden geçirilýän şöhle tutmaklyk bilen amala aşyrylýan toplumlaýyn bejergini çişiň radioduýgurlygynda ulanýarlar, emma köplenç, çiş ionlaşdyryjy radiasiýa durnukly bolýar. Diňe şöhle bejergisini näsagyň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek maksady bilen ulanýarlar.

Keseliň geljekki netijesiniň çaklamasy oňaýly däl, emma çişiň irki döwründe näsaglaryň bejergisi ýek-tük ýagdaýlarda olaryň sagalmagyna getirýär.

### 12.8.2. Ketirdewük emele getiriji çişler

Bu toparyň çişleri ketirdewük kesel dokumasyny emele getirýär. Süňk emele getiriji çişlere görä seýrek duş gelýär. Olaryň arasynda howpsuz cişler –hondroma we osteohondroma hem-de howply çiş – hondrosarkoma duş gelýär. Äň süňklerinde bu çişleriň mahsus ýerleşýän ýeri bar.

#### 12.8.2.1. Hondroma

Bu howpsuz çiş bolup, ýetişen ketirdewük emele getirmegi bilen häsiýetlendirilýär. Köplenç ýagdaýda, ýokarky äň öň tarap böleginde çäklenen, ýeke-täk düwün (ojak) görnüşinde duş gelýär. Äň içinde, çuňňur ortada ýerleşen enhondroma we äň daşyna tarap ösýän çet ýer süňkbarda gabyk üsti hondroma-ekhondromalar bar.

Hondromanyň geçişi çişiň haýal ösmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Çet ýer görnüşi ellenende büdür-südür, gaty, agyrysyz, aşagyndaky süňk bilen birleşen görnüşde ýüze çykýar. Adatça, çäkleri aýdyň. Ösmegi netijesinde çiş diňe bir äňde, kentlewükde gyşarma döretmän, eýsem, ýüzüň gyşarmasyny hem döredýär: ýokarky dodak, burnuň perdesi we ganatlarynyň düýpleri bilen bilelikde galyp durýar. Enhondroma süňküň çuňňur içinde assyrynlyk bilen ösýär, dişleriň gymyldamagyna we gapdala süýşmegine getirýär. Ony has giç, haçanda çiş süňki zaýalap, daşyna tarap ýaýranynda ýüze çykarýarlar. Nemli barda, adatça, üýtgemeýär. Uzak wagtyň dowamynda bolan ýagdaýynda hondromanyň hondrosarkoma geçmek mümkinçiligi ýüze çykarylan. Rentgen görnüşi boýunça hondromanyň hemme ýagdaýda aýdyň häsiýetli görnüşi bolmaýar. Bu onuň gurluşynyň birsydyrgyn däldigi bilen we onuň ýokarky äňde beýleki süňkleriň suraty bilen bilelikde görünmegi bilen baglanyşykly. Ol, adatça, aýdyň çäkleri bolan zaýalanma ojagy görnüşinde kesgitlenilýär, onuň içinde bolsa dykyz hekleşme we seýrekleşme ojaklary yzygiderlilikde görünýär. Ekhondromada zaýalanmanyň çäkleri äň daşyna ýaýrap gidýär we bu ýagdaý diňe gapdaldan alnan rentgen suratda görünýär.

Hondromanyň kesel kesgitlemesini goýmak hemişe aňsat bolmaýar. Emma onuň ýokarky äň öň tarap böleginde ýerleşmegi bu kesel üçin mahsus ýer bolup durýar.

Adaty görnüşde hondroma çalymtyl-ak reňkli bölek-bölek kekirdewük madda görnüşli bolýar, käwagt nemleşme, çüýreme we hekleşme ýerleri hem bolýar. Ulaldyjy enjam barlagynda ol içinde endigan kekirdewük öýjükleri ýerleşen gialin kekirdewüginden durýar. Öýjük düzüjilere gaty bir baý bolmazlygy, gurluşynyň birsydyrgyn däldigi, köp görnüşliliginiň we bölünmesiniň ýoklugy ony hondrosarkomadan tapawutlandyrýar.

**Bejergisi.** Çiş kesilip aýrylanyndan soňra gaýtalama döremegi äňi kesip aýyrmak ýaly has düýpli amal geçirmegi talap edýär. Näsagyň ömri üçin keseliň çaklamasy oňaýly. Çişiň öz wagtynda aýrylmagy sagalmaklyga alyp barýar, emma işjeňlik we owadanlyk bozulmalarynyň döremegi ähtimal.

### 12.8.2.2. Osteohondroma (süňk-ketirdewük ekzostozy)

Bu kekirdewük bilen örtülen howpsuz çişe meňzeş kesel, aşaky äň bogun kellejiginde ýerleşýär. Ony dürli atlar bilen ýazýarlar: gipertrofiýa, giperplaziýa, osteoma. Seýrek duş gelýär, käbir maglumatlara görä, süňk çişleriniň arasynda 3,4% ýygylygy tutýar.

Keseliň başlangyç döwründe bir tarap çekge-aşaky äň bognuň töwereginde hytyrdy we ýakymsyz duýgular döreýär. 1-2 ýylyň dowamynda aşaky äň sagdyn tarapa süýşmegi netijesinde ýüzüň gyşarmasy döreýär we gitdigiçe beterleşýär, deri bilen birleşmedik, agyrysyz, çäklenen, zeperlenen bognuň töwereginde süňk häsiýetli güberme ýüze çykýar. Näsagyň dişleýşi bozulýar, iýmiti dişlemek we çeýnemek kynlaşyp başlaýar. Agzyny açan ýagdaýynda äň gapdala süýşmegi has-da beterleşýär.

Göni we gapdal ugur boýunça alnan rentgen suratlarda süňk häsiýetli çiş sebäpli aşaky äň kellejiginiň ulalmagy we gyşarmasy kesgitlenilýär. Onuň anyk çäkleri, bellibir görnüşsiz sypaty bolýar, käwagt töweregini gurşap alan süňk we bogun bölekleri bilen bilelikde (bogun tümmejigi, kelleçanagyň esasy we ş.m.) täze görnüşli bogun emele getirýär.

Deňeşdirme anyklamasyny osteoartroz, aşaky äňiň çykygy, bogun ösüntgisiniň beýleki çişleri bilen geçirýärler.

Adaty görnüşde osteohondroma kekirdewük örtügi bolan aşaky äňiň bogun kellejiginiň haýsy-da bolsa bir ýüzi bilen gizlin birleşen süňk ösüntgisi görnüşinde ýüze çykýar. Kesilende onuň öýjükli gurluşy bar.

Ulaldyjy enjam barlagynda ýetişmedik süňk dokumasynyň täzeden gurluşyny, çişi örtýän we süňk-kekirdewük gurluşlary emele getirip, süňküň içine çuňňur geçýän gialin kekirdewüginiň galyň gatlagy kesgitlenilýär. Zeperlenmäniň çuňňur için-

de kekirdewük öýjükleri azalýar, süňk dokuma bolsa tertipleşen, ýetişen görnüşe geçýär. Süňk dokumasynyň ýetişen görnüşe gecmegi çiş barada däl-de, süňk-kekirdewük ekzostozy barada şaýatlyk edýär.

**Bejergisi.** Bejergisi aşaky äň kellejigi çişe meňzeş kesel ýeri bilen bilelikde kesilip aýrylýar. Birwagtda bogun plastikasyny geçirmek hem bolýar.

Näsagyň ömri üçin çaklamasy oňat. Emma artroplastikasyz amaldan soňra aşaky äň gapdala süýşýär we dişleýiş bozulýar.

### 12.8.2.3 Hondrosarkoma

**Hondrosarkoma** – bu süňküň içinde emele gelýän howply çişdir. Olaryň käbiri ilkinji döreýişli bolýar, beýlekiler – ikilenç hondrosarkoma diýlip atlandyrylýan çişler bolsa, ozal bar bolan, gelip çykyşy boýunça kekirdewükden dörän howpsuz çişleriň – hondromalaryň, köpsanly süňk-kekirdewük ekzostozlaryň howply häsiýete geçmekleriniň netijesi bolup durýar. Ilkinji döreýişli hondrosarkoma howply süňk çişleriniň arasynda 7%-den köp bolmadyk ýagdaýda duş gelýär we ýokarky äň öň tarap böleginde ýerleşýär.

Çişiň ilkinji alamaty diş agyrydyr, soňra olaryň yrgyldamagy we gyşarmagy ýüze çykýar. Süňküň gaty dykyzlykly, seýrek bolmadyk ýagdaýda agyryly büdür-südürliginiň döremegi netijesinde geçiş ýygyrdynyň düzlenmegini ýa-da gübermegini ýüze çykarýarlar. 2-4 aýyň dowamynda çiş ulalýar, süňk bardasy ýarylanda hondrosarkomanyň ösüşi güýçlenýär, yrgyldap durandygy sebäpli beýleki dişler hem keselleýär. Äňdäki agyry güýçlenýär, çişiň üstüniň nemli bardasy we deri dartylýar, çiş uly ölçeglere ýetende olarda ýara döreýär. Öýkene gan damarlar boýunça ýaýramagy keseliň has giçki döwürlerinde ýüze çykýar.

Rentgen surat görnüşi boýunça süňk dokumada anyk çäkleri bolmadyk seýrekleşme ojagy görnüşinde zaýalanma, onuň düşeginde bolsa kiçijik dykyz bölejikler kesgitlenilýär.

Hondrosarkomany osteosarkomadan, mähnetöýjükli çişden (ereme görnüşi), fibromadan, birleşdiriji dokuma dizplaziýasyndan tapawutlandyrmak gerek. Keseliň kesgitlemesi çişiň dokuma bölejigini kesip almak bilen geçirilen barlag esasynda tassyklanylýar.

Adaty görnüşde çiş dokumasy kesilen görnüşde kekirdewüge meňzeş dykyzlykly, agymtyl-gök reňkli hekleşen we nemleşen ýerleri bar.

Hondrosarkomanyň dokuma gurluş görnüşi hondromada bolşundan has bildirip duran öýjük we köp görnüşli gurluşynyň hem-de has köpsanly pökgeren uly ýa-da iki maňyzly öýjükleriň barlygy bilen tapawutlanýar. Bölünýän öýjükler seýrek duş gelýär.

**Bejergisi.** Aň kesilip aýrylmagynda jemlenendir. Çiş şöhle bejergä durnukly.

Näsagyň ömri üçin keseliň çaklamasy osteosarkomadaka garanyňda has oňaýlydyr.

### 12.8.3. Mähnetöýjükli çiş (osteoklastoma)

**Osteoklastoma** – bedeniň dürli süňklerinde duş gelýän howpsuz çişdir. Ony öwrenmekligiň netijesinde birleşdiriji dokuma ostitler toparyna, soňra gurluş görnüşiniň meňzeşligi sebäpli ýerli birleşdiriji dokuma osteodistrofiýa degişli hasap edilipdir. Emma muňa garamazdan, oňa çiş hökmünde garamak barada pikirler hem bolupdyr. «Mähnetöýjükli çiş» adalgasy Bludgud (Bloodgood, 1912) tarapyndan teklip edilipdir. Stýuart (Stewart M., 1922) ony osteoklastoma diýip atlandyrypdyr, A.W. Rusakow (1924) bolsa çişi emele getirýän öýjük düzümine baglylykda osteoblastoklastoma diýip atlandyrypdyr.

Häzirki wagtda ol hakyky çiş diýlip hasap edilýär. Keseliň çiş häsiýetliligini onuň geçiş we keselli ýeriň dokuma gurluşynyň alamatlary tassyklaýar (bütewi görnüşde zeperliligi, hemişe ösýändigi, gaýtadan döremegi, howply häsiýete geçip we gan damarlar boýunça daşgyn synalara ýaýrama berip bilýänligi, özüniň howply häsiýetli görnüşiniň barlygy).

Çiş süňküň içinde döreýär we ony käbir alymlaryň mähnetöýjükli epulis bilen baglanyşdyrmaklary esassyzdyr, sebäbi epulis hakyky çiş (täzeden döreme) däldir we başga kesel geçiş görnüşli bolýar, ulaldyjy enjam barlag gurluşy boýunça bolsa diňe bir mähnetöýjükli çişi ýatlatman, eýsem, giperparatireodizmiň «goňur çişini» hem ýatladýar.

Mähnetöýjükli çişde özboluşly gan aýlanyş bolýar: onuň merkezinde ganyň akymynyň haýallamagy, ganyň gyzyl öýjükleriniň çökmegi we dargamagy, çişe goňur reňk berýän gemoglobiniň gemosiderine öwrülmegi bilen gan ýygnanmasy gan «köli» emele gelýär.

Äň süňklerinde osteoklastoma, adatça, ýygy duş gelýär we käbir ylmy maglumatlara görä, ýatymlaýyn hirurgik stomatologik bejergi bölümlerinde ähli süňk çişleriniň we çişe meňzeş keselleriň arasynda, takmynan, 30%-ini tutýar. Köplenç, aşaky äň kiçi azy dişleriniň töwereginde duş gelýär. Aýallarda 2 esse ýygy duş gelýär.

Çişiň başlangyç alamatlary bildirmän geçýär. Soňra äň bellibir ýeri güberýär, çişiň çäklerinde dişleriň yrgyldamasy döreýär. Çiş haýal, agyrysyz ulalýar. Kem-kemden ýüzüň gyşarmasy döreýär. Çişiň üstüniň derisi üýtgemeýär, nemli barda kähalatlarda gögümtil reňk alýar, sebitleýin limfa düwünleri ulalmaýar. El barlagynda gaty, üsti düz ýa-da büdür-südür, agyrysyz, üstüniň süňk gabyk gatlagy bolmadyk halatynda çeýe emele gelen zat kesgitlenilýär. Çişiň çäklerinde dişler yrgyldap durýar, ýerlerinden süýşýär.

Rentgen suraty boýunça üç görnüşe bölýärler. Öýjükli görnüşi biri-birinden süňk perdejikler bilen bölünen ownuk boşluklar, öýjükler şekilinde bolýar we ameloblastomany ýatladýar (*207-nji surat*).

Kistoz görnüşinde anyk çäkleri bolan kista şekilinde süňk dokumasynyň bellibir ýeriniň seýrekleşmesi ýüze çykarylýar (*208-nji surat*). Käwagt öýjükli we kistoz



*207-nji surat.* Aşaky äňiň çep tarap öýjükli görnüşli mähnetöýjükli çişi (rentgen surat)

görnüşleriniň ikisiniň aralyk görnüşi hem ýüze çykarylýar. Köplenç, çagalarda we ýaş adamlarda duş gelýän süňk ereme görnüşi üçin äň süňküniň gabyk gatlagynyň zaýalanmagy bilen hiç bir şekilsiz seýrekleşmesi häsiýetlidir. Rentgen surat boýunça ol sarkoma meňzeşdir. Çişiň ösýän ýerinde dişleriň kökleriniň uçlarynyň eremegi ýüze çykarylýar (*209-njy surat*).



*208-nji surat.* Aşaky äňiň bedeniniň we şahasynyň kistoz görnüşli mähnetöýjükli çişi (rentgen surat)

Dokuma gurluşy boýunça aýdyňlaşdyrmaklygy ýukalan ýa-da ýok bolan äňiň gabyk gatlagy boýunça çişiň sanjymy arkaly geçirilýär. Sanjym bilen iňňäniň içinde alnan madda düzüminde holesterin bolmadyk ganly-goňur reňkli suwuklyk damjasy bolup durýar. Öýjük barlagy geçirilende, çiş üçin mahsus bolan öýjük düzümi ýüze çykarylýar. Anyk bir netijä gelnip bilinmedik ýagdaýynda açyk usul bilen çiş dokuma bölejigi kesip alynýar.

Adaty görnüşde mähnetöýjükli çiş güýçli ganaýan gyzylymtyl-goňur reňkli ýumşak dokuma şekilinde emele gelen zat bolup durýar.

Ulaldyjy enjam barlagynda çiş dokumasynyň içi boýunça endigan ýerleşen ik şekilli ýa-da süýri-tegelek şekilli we osteoklastlara degişli köpsanly mähnetöýjüklerden durýan gan damarlary we oňat üpjün edilen dokuma bilen häsiýetlendirilýär. Az sanly kollagen süýümleri ýüze çykarylýar. Mähnetöýjükleriň kadaly osteoklastlar bilen köpsanly meňzeşlikleriniň bardygy sebäpli olary adaty öýjükleriň çiş görnüşi diýip hasaplamak bolar.



*209-njy surat.* Aşaky äňiň bedeniniň süňk ereme görnüşli mähnetöýjükli çişi (rentgen surat)

**Bejergisi.** Çişi sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrýarlar. Görkezmeler bolanynda kesip aýyrmagy şol bir wagtda amala aşyrylýan süňk plastikasy bilen utgaşdyrylýar.

Näsagyň ömri üçin çaklamasy oňat. Çiş doly kesilip aýrylandan soňra näsag sagalýar, emma äň-ýüz sebitiniň işjeňlik-keşp bozulmalarynyň ýüze çykmagy mümkin.

### 12.8.4. Süňk-ýilik çişleri

Hemme süňk-ýilik çişler howply häsiýetlidirler we olar süňk ýiligini düzüji maddalardan döreýär. Olara retikulosarkoma, miýeloma, şeýle hem diňe çagalarda duş gelýän Ýuingiň sarkomasy degişlidir.

**Süňküň retikulosarkomasy.** Bu Ýuingiň sarkomasyna meňzeş bolan hakyky howply süňk çişi bolup durýar. Häzirki wagtda süňk retikulosarkomasyny ikilenç süňk zeperlenmesini döredýän limfa düwünleriň retikulosarkomasyndan tapawutlandyrýarlar. Kesel, köplenç, ýaş we orta ýaşly (20-40 ýaş) erkek adamlarda duş gelýär, käbir maglumatlara görä, ähli äň çişleriniň, takmynan, 3%–ini tutýar.

Keseliň geçişi, adatça, uly ölçeglerdäki çiş bolmagynda näsagyň kanagatlanarly umumy ýagdaýy bilen häsiýetlendirilýär. Retikulosarkoma äňde emele gelmek bilen wagtal-wagtal döreýän güýçli bolmadyk agyrylary döredýär we süňküň zaýalanmasy hem-de çişiň ýumşak dokumalara ösmegi netijesinde ýüzüň gyşarmasyny döredýär. Deri we nemli barda süýnýär, çişiň üstünde diňe uly ölçeglere ýetende baş döreýär. Zeperlenmäniň çäklerinde diş yrgyldyly bolýar. Ýerli gyzarma we gyzgynyň galmagy, umumy beden gyzgynynyň galmagy, ak gan öýjükleriniň sanynyň ýokarlanmagy ýüze çykarylyp bilner. Retikulosarkoma sebitleýin limfa düwünlerine, şeýle hem gan bilen daşgyn synalara – oňurga süňküne we öýkenlere ýaýrap biler.

Rentgen barlagynda süňküň menekliligi ýa-da deşik-deşikligi barada pikir döredýän anyk çäkleri bolmadyk köpsanly seýrekleşme görnüşinde süňk dokumasynyň dargamagy kesgitlenilýär. Keseliň başlangyç döwründe, süňk dargamagy süňküň gabyk gatlagynyň aşagynda ýerleşýär, çişiň soňraky ösmegi netijesinde süňk doly dargaýar. Köplenç, keseliň geçişindäki alamatlar bilen rentgen surat maglumatlaryň arasynda biri-birine gabat gelmezligi ýüze çykarylýar, çişiň uly ölçeglerine garamazdan, rentgen suratdaky ýüze çykarylýan alamatlar sähelçe bolup bilýär. Seýrek bolmadyk halatlarda keseliň geçişiniň we rentgen suratyň alamatlarynyň biri-birine gabat gelmezligi retikulosarkomanyň anyklaýyş alamaty bolup durýar.

Retikulosarkomany osteomiýelitden, aktinomikozyň süňk görnüşinden, osteosarkomadan, Ýuingiň sarkomasyndan, mähnetöýjükli çişden tapawutlandyrmak gerek.

Adaty görnüşde çiş dokumasy ýumşak, ganöýmeli çalymtyl-gyrmyzy reňkli äňiň süňk-ýilik ýerinde ýerleşýär.

Ulaldyjy enjam barlagynda limfa düwnüne meňzeş gurluşly howply çiş ýüze çykarylýar.

**Bejergisi.** Retikulosarkoma şöhle we himiki bejergä duýgur. Olary utgaşdyrylan ýagdaýda, töweregini gurşap alan ýumşak dokumalary bilen bilelikde äň bölegini kesip aýyrmak görnüşindäki amal bejergi bilen toplumlaýyn görnüşde ulanýarlar.

Näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy beýleki ilkinji döreýişli süňk howply çişlerine garanyňda oňaýlyrak.

### 12.8.5. Damar çişleri

Äň-ýüz süňkleriniň damar çişleriniň arasynda howpsuz-gemangioma, limfangioma, glomus çişi, aralyk görnüşler – gemangioendotelioma we gemangioperisitoma hem-de howply-angiosarkoma görnüşleri bar.

Çişleriň gemangiomadan galanlary örän seýrek duş gelýär. Äň-ýüz süňkleriniň ***gemangiomasy*** ýüzüň ýumşak dokumalary we derisi, şeýle hem agyz boşlugynyň synalarynyň nemli bardalarynyň gemangiomalary bilen utgaşykly duş gelip bilýär.

Diňe äň süňkünde duş gelýän gemangioma seýrek duş gelýär. Diş bejerilende, onuň akabasyndan yzygiderli gan akmagy, şeýle hem ulalan we galňan diş etinden wagtal-wagtal güýçli gan akmagy ýa-da ganaýan epulis şekilli emele gelen zadyň ýüze çykmagy keseliň alamaty bolup biler. Kähalatlarda 1-2 sany dişiň yrgyldamagy, agyry duýgusy, kellesini aşak egeninde äňe gyzgyn suwuklygyň akyp gelýän ýaly duýgynyň döremegi kesgitlenilýär. Kesel alamatlary oňat bildirýän wagty äň gyşarmasy we ölçegleriniň ulalmagy, örtýän nemli bardasynyň gögümtil-gyrmyzy reňkli emzijek şekilli ösüntgileri ýüze çykarylýar. Kesel görnüşinde ýüze çykmadyk äň gemangiomasy güýçli gan akma getirip bilýänligi sebäpli, diş sogurmak we ş.m. amallary geçirmek howply bolup durýar. Munuň ýaly ýagdaýda gan akmany saklamak örän kyn bolýar, kähalatlarda bolsa adaty şertlerde ony saklamak mümkin hem bolmaýar. Şol sebäpli hem diş etinden ýygy-ýygy gan akmasy bolanynda diş sogrulmazyndan öň rentgen barlagyny geçirmek gerek. Rentgen suratda onuň ulalanlygy ýüze çykarylýar. Onuň gurluşy iri çyzykly (ýönekeý angiomada) deşik ýaly ýa-da boşluk (öýjük-öýjük şekilli angiomada) şekilli kemtikler bolýar (*210-njy a, b suratlar*).

**Bejergisi.** Emeli diş gurnamasyny salmak we äňi tygşytly we seresaplylyk bilen kesip aýyrmak bilen geçirilýär. Kesel ýaýraň süňk zeperlenmesinde geçiriljek amal ölüm howply gan akma döredip bilýär. Şol sebäpli hem öňünçä geçirilen mürüşdiriji bejergi we soňraky äň gyşarma dörän ýerlerini kesip aýyrmak amaly görnüşindäki toplumlaýyn bejergini geçirmek oňaýly bolup durýar.



*a)* *b)*

*210-njy a, b suratlar.* Ýüzüň aşaky böleginiň we aşaky äňiň salkym (şaha) görnüşli gemangiomasy:
*a* – näsag gyzyň gapdal tarapdan daşky görnüşi; *b* – aşaky äňiň gapdal tarapdan alnan rentgen suraty

### 12.8.6. Beýleki birleşdiriji dokuma çişler we başga çişler

Bu topar özünde äňlerde seýrek duş gelýän çişleri (neýrilemmoma, desmoplastiki fibroma we ş.m.) jemleýär. Soňky çiş görnüşi aglaba ýagdaýlarda çagalarda duş gelýär. Has ýygy ýagdaýlarda howply çişi – fibrosarkomany ýüze çykarýarlar.

**Fibrosarkoma**. Süňk çişleri bolan näsaglaryň, takmynan, 1,3%-inde, aglaba ýagdaýlarda orta ýaşly adamlarda duş gelýär. Äň süňklerinde merkezi we çet ýer (süňkbarda) görnüşleri bolýar, emma keseliň ötüşen ýagdaýynda olary seljermek mümkin bolmaýar.

Keseliň alamatlarynyň ýüze çykyşy çişiň ýerleşişine we ýaýraňlygyna bagly bolýar. *Fibrosarkomanyň çet ýer görnüşi* dörände, ilkinji nobatda gaty çeýelikli, süňkden daşyna tarap ösýän we onuň bilen berk birleşen çişiň bolmagy ýaly alamatlar ýüze çykýar. Çiş haýal bolmadyk depginde ösüp (birnäçe aýyň dowamynda) uly ölçeglere ýetýär, ýüzüň gyşarmasy döreýär. Ýokarky äňde dörände (has ýygy ýerleşýän ýeri) göz yşy daralýar, burun ganatynyň düýbi güberýär, burun-dodak ýygyrdy düzlenýär. *Merkezi fibrosarkoma* äňiň çuňňur içinde döremek bilen, has giçki döwürlerde, haçanda çiş äň çäklerinden daşyna ýaýranynda ýüze çykarylýar. Çişiň çäklerindäki dişler yrgyldyly bolýar, ösýän çiş dokumasy bilen ýerlerinden süýşýär. Onuň üstüniň nemli bardasy solak reňkli, dartylan. Agyry duýgulary fibrosarkomada, adatça, güýçli depginli bolmaýar. Çiş, esasan, öýkenlere gan damarlar arkaly ýaýraýar. Çet ýer görnüşe garanyňda merkezi fibrosarkoma has howply häsiýetde geçýär, başga synalara ir ýaýraýar.

Çet ýer fibrosarkomanyň rentgen suratynyň alamatlary keseliň geçişiniň alamatlaryna gabat gelmeýär: uly ölçeglerde çiş bolanda äň gyrasynyň süňk eremesi görnüşinde sähelçe süňk üýtgemeleri kesgitlenilýär, emma çişiň ýumşak dokuma toplumy hem görnüp biler. Munuň tersine, merkezi görnüşinde kesel geçişi boýunça sähelçe bildirýärkä, aýdyň çäkleri bolmadyk süňk eremegi görnüşinde äň süňküniň uly ölçeglerdäki zaýalanmasy kesgitlenilýär. Dokuma gurluşy boýunça aýdyňlaşdyrmak üçin açyk usul bilen çiş dokuma bölejigi kesip alynýar (*211-nji surat*).



*211-nji surat.* Aşaky äňiň fibrosarkomasy (rentgen surat)

Fibrosarkoma fibromadan, mähnetöýjükli çişden, süňk gelip çykyşly sarkomadan tapawutlandyrylýar.

Adaty görnüşde çiş dokumasy gaty, agymtyl reňkli. Ulaldyjy enjam barlagynda kollagen süýümleriniň aralyk dessejikleriniň emele getiren çiş öýjükleri bilen dörän howply çiş kesgitlenilýär. Fibrosarkomanyň içinde käbir ýönekeý bölünme işjeňliginiň ýokarlanmagy we öýjük köpdürlüligi bolan ýokary derejeli görnüşi hem-de näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy erbet bolan pes derejeli görnüşi bar.

**Bejergisi.** Daşyny gurşap alan dokumalar bilen bilelikde äňi kesip aýyrmakdan ybarat. Şöhle bejergisi pes netijeli. Çiş şöhlä duýgur bolanynda amalyň öňünden şöhle bejergisi geçirilýär.

Näsagyň ömrüniň geljegi üçin keseliň çaklamasy oňaýsyzdyr.

### 12.8.7. Çişe meňzeş keseller

Äň süňkleriniň çişe meňzeş keselleri çişlere garanyňda seýrek duş gelýär. Emma olaryň anyklamasy bejergä dogry çemeleşmegi kesgitlemek üçin gerek. Olaryň arasynda has ýygy birleşdiriji dokuma displaziýasy we merkezi mähnetöýjükli granulýoma duş gelýär. Käbir çişe meňzeş zeperlenmeler ulgamlaýyn häsiýetlidirler, eozinofil granulýoma (gistiositoz), giperparatireodizmiň «goňur çişi», Pe-

jetiň keseli. Giňelme we ýönekeý süňk kistalaryny diňe soňky ýyllar aýratyn çişe meňzeş kesel görnüşde kesgitläp başladylar.

### 12.8.7.1. Birleşdiriji dokuma (fibroz) displaziýasy

Birleşdiriji dokuma displaziýasyny ylmy taýdan öwrenmegiň taryhy häzirki wagta çenli ol barada ýeterlik derejede maglumat ýygnalmagyna getirdi. Kesel ilkinji gezek F. Reklingauzen (1891) tarapyndan gelip çykyşy boýunça we häsiýeti boýunça dürli süňk zeperlenmeleri jemlenen «fibroz we gyşarma dörediji ostitler» toparynda beýan edilen. Rus alymy W.P. Braýsew (1927) onuň düwünçek döwründe dörän süňk emele getiriji içki dokumanyň ösüş nädogrulylygynyň hadysasydygy baradaky düşünjä ýykgyn eden hem bolsa, oňa ozalky «ýerli fibroz osteodistrofiýa» adalgasy boýunça baha beripdir. Soňraky ýyllarda L. Lihtenşteýn (1938) we H. Ioffe (1942) zeperlenmäni süňk ösüşiniň bozulma hadysasy görnüşinde kesgitläpdirler we ony birleşdiriji dokumany displaziýa diýip atlandyrypdyrlar. Soňky ýyllarda bu keselden aýratyn çiş görnüşi hökmünde süňk emele getiriji fibroma (fibriosteoma) bölünip aýrylan (Ser.: 18.81). Bu çiş özüniň hemme alamatlary boýunça birleşdiriji dokuma displaziýa meňzeş, emma diňe zeperlenmäniň çäklenenligi we daşynyň bardasynyň barlygy bilen tapawutlanýar. Serhetleriniň çägi bolmadyk ýaýraň hadysa bolsa *fibroz displaziýa* diýilýär.

Birleşdiriji dokuma displaziýasy – çäklenen ýerde süňk emele gelmeginiň bozulmasy esasynda süňküň çişe meňzeş zeperlenmesidir. Kadaly ýagdaýda süňk emele getiriji içki dokuma süňk we kekirdewük dokumasyny emele getirýär, birleşdiriji dokuma displaziýada onuň bu ukyby doly diýen ýaly ýitýär we aglaba ýagdaýda süýümli birleşdiriji dokuma döreýär, bar bolan süňk emele getiriji öýjükler bolsa işjeňlik ukyby bolmadyk aýry-aýry ýönekeýje toplumjyklary döredýär. Içki mäzleriň işjeňliginiň, şeýle hem fosfor-kalsiý alyş-çalşygynyň bozulmalary ýüze çykarylmadyk. Kesel, köplenç, çagalarda duş gelýär, emma kähalatlarda olarda bildirmän geçýär, ýuwaş-ýuwaşdan ulalýar we eýýäm uly ýaşly adamlarda ýüze çykarylýar. Keseliň adam doglanyndan soňky döwürde döreýän bolmagy-da mümkin.



*212-nji surat.* Aşaky äňiň bedeniniň bir süňk zeperlenme görnüşli birleşdiriji dokuma (fibroz) displaziýasy (rentgen surat)

Hasabat maglumatlaryna görä, birleşdiriji dokuma displaziýasy süňk çişleri we çişe meňzeş keselleri bolan näsaglaryň 10%-den köpüsinde duş gelýär. Aýal jynsyna degişli näsaglar erkek adamlara görä köp keselleýärler. Keseliň bir süňk we köpsüňk görnüşleri bar. Soňky görnüşi seýrek duş gelýär (*212–213-nji suratlar*).

Birleşdiriji dokuma displaziýasynyň ýüze çykyş alamatlary az häsiýetlidir we olar keseliň

ýaýraňlygy we ýerleşişi bilen kesgitlenýär. Keseliň, köplenç, ýokarky äňi zeperleýänligi bellenilen we bu ýagdaýda agyrysyz, ýuwaş-yuwaşdan ulalýan, käwagt agyz bosagasy we kentlewük tarapa dykyz süňküň büdür-südür gübermegi sebäpli



*213-nji surat.* Äňleriň köpsüňk zeperlenme görnüşli birleşdiriji dokuma (fibroz) displaziýasy (rentgen surat)

gyşarma döreýär. Eger-de kesel ýokarky äň boşlugyny eýeleýän bolsa, onda burundan dem alyş bozulmaýar. Gözhananyň gözasty gyrasyna tarap ösüp we ol ýer üýtgäninde göz yşy daralýar. Aşaky äňde ýerleşende äň süňki agyz bosagasy we dil taraplara galňaýar. Öýjükli ösüntgi ýuwaş-ýuwaşdan ulalýar, gyşarma döreýär, çişe meňzeş dokumanyň basmagy netijesinde dişler yrgyldaýar. Deri we nemli barda üýtgemeýär, limfa düwünleri tarapyndan kesele garşy jogap ýüze çykmaýar. Haýal (ýyllar, onlarça ýyl), agyrysyz ulalýanlygy, käwagt bolsa saklanýan ýaly bolýanlygy (durgunlaşmasy) sebäpli, kesel uzak wagtlap bilinmeýär we ýüze çykarylanda, näsaglarda güýçli ynjalyksyzlanma döredýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda keseliň uzak wagtlap geçýänligini näsagyň ömrüniň dürli döwürlerinde alnan suratlar bilen anyklap bolýar we hakykatdan-da, birleşdiriji dokuma displaziýasy bar bolsa, köplenç, bu suratlarda näsagyň ýüzüniň ol ýa-da beýleki derejedäki gyşarmasy görünýär.

Geçişi sarkoma meňzeş bolan öýjük köpelme görnüşli birleşdiriji dokuma displaziýasy diýlip atlandyrylýan görnüşi örän seýrek duş gelýär. Beýni we ýüz süňkleriniň, äňleriň köpsüňkli zeperlenmesi ýüzüň süňk «ýolbars» şekilini döredýär (latynça – *leonthiasis ossea faciei*). Gyzjagazlarda beden süňkleriniň köpsanly zeperlenmesi bilen bir hatarda deriniň çäklenen menekliligi we ir jynsy ýetişmekligi bilen häsiýetlendirilýän Olbraýtyň alamatlar toplumy bellenilen.

Rentgen suratynyň alamatlary örän häsiýetlidir. Süňk dokumasynyň kiçijik dykyzlaşma we seýrekleşme ýerleriniň çalyşmasy görnüşinde süňk dokumasynyň zaýalanmasynyň süňküň zeperlenen bölegi bilen ýaýraň ulalmagy kesgitlenilýär, «dury däl aýna» şekili ýüze çykýar. Keseliň başlangyç döwürlerinde seýrekleşme ýerleri has uly ölçeglerde bolýar. Zeperlenmäniň çäkleri anyk däl, kesel dokumasy ýuwaş-ýuwaşdan kadaly süňke geçip gidýär. Äň gabyk gatlagy ýukalýar, emma, adatça, bütewüligini saklaýar. Ýokarky äň boşlugynyň ölçegleri kiçelip biler, ýaýraň keselde ýokarky äň boşlugy görünmeýär. Dişleriň kökleriniň eremegi ýüze çykmaýar.

Birleşdiriji dokuma displaziýasynyň kesel kesgitlemesi keseliň geçişiniň we rentgen suratynyň häsiýetli alamatlaryna esaslanýar. Kesel kesgitlemesi şübheli bolan ýagdaýynda barlag üçin açyk usul bilen çişiň dokuma bölejigini kesip almak maslahat berilýär. Ony osteosarkomadan, osteomadan, hondromadan, süňkleşýän fibromadan, kök ujunyň töwereginiň sement displaziýasyndan tapawutlandyrmak gerek.

Adaty görnüşde kesel dokumasy süňküň gabyk gatlagynyň aşagynda ýerleşýär, çalymtyl reňkli bolýar, sähelçe ganaýar, pyçak bilen hytyrdyly kesilýär. Kähalatlarda pyçak bilen kesip bolmaýan, örän dykyz kesel dokumasy kesgitlenilýär.

Ulaldyjy enjam barlagynda ýek-tükden gür, biri-biri bilen çyrmaşyp duran doly ýetişmedik süňk zolajyklary bar bolan süýümli-öýjük süňk esasly dokuma ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Birleşdiriji dokuma displaziýasynyň öýjük köpelmesi görnüşinde sarkomanyň gurluşyna ýalandan meňzeýän ýönekeýje süňk gurluşlarynyň ýanynda güýçli reňklenen uly maňyzly we köpsanly bölünýän bölejikleri bolan süýnmek, ösüntgileri bolan öýjükler ýüze çykarylýar.

**Bejergisi.** Zeperlenen süňk dokumasyny kesel ojagyny gazap ýa-da äň bölegini kesip doly aýyrýarlar, görkezmeler bolan halatynda bolsa dörän kemtigi şol bir wagtyň özünde hem düzetmek boýunça amal geçirýärler. Çiş dokumasynyň çykyp duran ýerini ýüzleý aýryp, timarlap bölekleýin kesip aýyrmak amalyny geçirmek gerekmejek çäredir, sebäbi amaldan soňra sähelçe aýyň dowamynda kesel hadysasy gozganyp, ol ozalky ölçeglerine baryp ýetýär. Geçişi howply häsiýete eýe bolmazlygy üçin şöhle bejergisi görkezilen däldir. Zeperlenmäniň ösüşi togtanda, haçanda kesel hadysasy durnuklaşan ýagdaýynda, düýpli amal bejergi geçirmek, äň dokumalarynyň giňişleýin kemtigine we näsagyň maýyplygyna getirýän bolsa, keseliň geçişini yzygiderli gözegçilige alýarlar. Keseliň ýaýraň görnüşinde hem (köpsüňkli görnüşi) şonuň ýaly çemeleşýärler.

Näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy oňat. Äň-ýüz töwereginiň işjeňlik we daşky keşp babatynda dürli bozulmalary bolup biler.

### 12.8.7.2. Eozinofil granulýoma

Eozinofil granulýoma *X* gistiositozyň bir görnüşidir. Gistiositoz (retikuloendotelioz) – çişe meňzeş kesel bolup, dürli sandaky eozinofil we neýtrofil leýkositler, limfositler, plazmatik öýjükler we köpmaňyzly mähnetöýjükler bilen bilelikde gistiositar düzüjileriň güýçli köpelmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Gistiositoza ýene-de iki görnüşi: Letter-Siwe alamatlar toplumy we Hend-Şüller-Krisçen alamatlar toplumy degişli hasap edilýär.

Eozinofil granulýoma 30 ýaşdan uly adamlarda döreýär. Bedeniň diňe bir süňküniň, şol sanda äňiň hem zeperlenmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Äň süňklerinde zeperlenmäniň ýerleşişine baglylykda keseliň geçişiniň çäklenen we ýaýraň iki görnüşi bar. Çäklenen görnüşi seýrek duş gelmek bilen, äň öýjükli

ösüntgisinde üýtgeme döremezden, bir ýa-da birnäçe çäklenen ojaklar görnüşindäki zeperlenme bilen häsiýetlendirilýär. Äň burçunda, şahasynda we bedeninde döremek bilen ol sähelçe agyryly ýellenme bilen ýüze çykýar. Rentgen suratda süňküň aýdyň çäkleri bolan pytrama şekilli deşik kemtikleri ýüze çykarýarlar.

Ýaýraň görnüşinde öýjükli ösüntginiň daşara süňk perdejikleri zeperlenýär, kesel hadysasyna dişler hem çekilýär. Soňabaka üýtgemeler äň bedenine we şahasyna ýaýraýar, agyz boşlugy tarapyndan kesel alamatlary ýüze çykýar. Bu görnüşiniň geçişini rentgen suratlar boýunça iki döwre bölýärler: başlangyç döwür we alamatlaryň güýçli bildirýän döwri. Başlangyç döwründe näsaglar diş etleriniň gijeýänligine we ganaýanlygyna, sagdyn dişleriň ýuwaş-ýuwaşdan yrgyldap başlanlygyna arz edýärler. Kesel aglaba ýagdaýlarda kiçi we uly azylaryň deňesinde, köplenç, ýokarky we aşaky äňlerde bir wagtda başlanýar. Diş etiniň emzijekleriniň kiçelip ýok bolmagy, dişleriň kökleriniň ýalanaçlanmagy ýüze çykýar. Öýjükli ösüntginiň nemli bardasynda ýaranyň we başyň döremegi mümkin. Rentgen suratda keseligine eräp siňmek görnüşinde daşara süňk perdejiklerinde süňk eremek zaýalanmasy kesgitlenilýär. Ikinji döwürde rentgen şekili biri-biri bilen birleşen köpsanly ojaklaryň bolmaklygynda äň öýjükli ösüntgisiniň we bedeniniň ýaýraň zeperlenme görnüşi bilen häsiýetlendirilýär. Onuň şekilleri iri diş-diş nagyş şekilli, käbir ýerleri aýdyň däl. Kähalatlarda anyk çäkleri bolan togalak – süýri zaýalanma ojaklary ýüze çykarylýar (*214-nji surat*).



*214-nji surat.* Eozinofil granulýoma (aşaky äňiň rentgen suraty)

Eozinofil granulýomany başlangyç döwürde dişýany dokuma çişmesinden, alamatlaryň güýçli bildirýän döwründe diş sebäpli dörän kistadan, Ýuingiň sarkomasyndan tapawutlandyrýarlar.

Kesel kesgitlemesini zeperlenme ojagyndan dokuma bölejigini almak bilen geçirilýän dokuma gurluşynyň barlagy bilen tassyklaýarlar. Ony almaklygy amal geçirilende, ulanylýan çemçejik bilen amala aşyrýarlar.

Adaty ölçeglerde kesel dokumasy çalymtyl-bulanyk reňkli, ýumşak dykyzlykly, aňsatlyk bilen pytraýan görnüşde bolýar. Ulaldyjy enjam barlagynda gistiositar öýjükleriň düşeginde eozinofil leýkositler, tegelek şekilli limfa öýjükleri we ýek--tük mähnetöýjükler kesgitlenilýär.

**Bejergisi.** Eozinofil granulýomanyň ýaýraň görnüşinde kesel ojagyny gazamakda we zeperlenme ýerindäki dişleri sogurmakda hem-de soňraky şöhle bejergisinde (rentgen bejergi) jemlenen toplumlaýyn bejergini geçirýärler. Zeperlenme ojagyna tutulmaly şöhläniň ýeterlik möçberi 10-15 *Gr*. Çäklenen görnüşiniň bejergisi üçin amal ulanýarlar.

**Çaklamasy.** Bedeniň beýleki süňklerini we ş.m. synalaryny özüne çekmegi bilen kesel güýçlenip biler. Yzygiderli gözegçilik gerek.

### 12.8.7.3. Merkezi mähnetöýjükli granulýoma (mähnetöýjükli zeperlenmeden soňra dikelmek granulýomasy, merkezi mähnetöýjükli (reparatiw) granulýoma)

«Merkezi mähnetöýjükli (reparatiw) granulýoma» adalgasy bilen diş etiniň çäklenip pökgermegi görnüşinde diňe äň öýjükli ösüntgisiniň çäklerinde ýerleşýän süňküň çişe meňzeş zeperlenmesini atlandyrýarlar. Süňke geçmezden diňe diş etinde döreýän şunuň ýaly zeperlenmäni çet ýer mähnetöýjükli granulýoma diýip atlandyrýarlar we ony ýumşak dokumalaryň birleşdiriji dokuma gelip çykyşly çişe meňzeş zeperlenmelere degişli edilýär.

Keseliň ýüze çykyş alamatlary boýunça merkezi mähnetöýjükli granulýoma onuň çet ýer görnüşi bilen meňzeşdir. Emma rentgen suratda onuň ýerleşýän ýerinde anyk çäkli we endigan şekilli seýrekleşmäniň uly bolmadyk ýeriniň zaýalanmasynyň düşeginde käwagt inçejik süňk perdejikler görünýär.

Dokuma gurluşy boýunça düzüminde köpsanly gan inmeleri, köpmaňyzly mähnetöýjükleriň toplanmasy bolan, şeýle hem gemosiderin duş gelýän öýjükli birleşdiriji dokuma görnüşinde bolýar. Köp alymlar süňk gurluşyna dahylly bolmadyk mähnetöýjükleriň gelip çykyşy boýunça gan damarlardanlygyny belleýärler. Merkezi mähnetöýjükli granulýomany, köplenç halatlarda, mähnetöýjükli çişden, birleşdiriji dokuma displaziýasyndan we giperparatireodizmiň «goňur çişinden» tapawutlandyrmak kyn bolýar, şol sebäpli hem keseliň kesgitlemesini goýmak üçin geçişindäki we rentgen suratlardaky alamatlaryň aýgytlaýjy ähmiýeti bardyr.

**Bejergisi.** Diňe bir kesel ýerini sagdyn dokumalaryň çäklerinde kesip aýyrmak bilen çäklenmän, eýsem, üýtgän süňki gazamakda we deşip çykmakda jemlenendir. Seýrek bolmadyk halatlarda gaýtalanyp bilýär we beýle ýagdaýda zeperlenme ýerindäki yrgyldaýan dişi sogurmak bilen amaly has düýpli geçirýärler. Howply häsiýete geçmek, daş-töweregine we ş.m. synalara ýaýramak häsiýeti ýüze çykmaýar.

### 12.8.7.4. Giperparatireodizmiň «goňur çişi»

Giperparatireodizmiň «goňur çişi» – bu gereginden artyk mukdarda gormon bölüp çykarýan galkanýany mäziň çişi netijesindäki döreýän ulgamlaýyn zeperlenmedir. Kesel hadysasy süňküň düýpli eräp siňmegi hem-de ýönekeýje süňk zo-

lajyklarynyň täzeden emele gelmegi görnüşinde süňk dokumasynyň güýçli üýtgäp gurulmagy bilen häsiýetlendirilýär. Fibroretikulýar dokuma ösýär we ýag hem-de gan emele getiriji süňk ýiliginiň ýerini tutýar. Süňküň eräp siňmegi dykyz gurluşlaryň döremeginden güýçli bolup geçýär, gelip çykyşy süňk dokuma bolan öýjükleriň köpelmekleri içinde gan aýran suwuklygy we ganly kistalary bolan mähnetöýjükli dokuma ösüntgileriniň emele gelmegine getirýär. Süňkdäki üýtgemeler gyşarmalara, zeperlenme döwügine getirýär. Bedenden kalsiý duzlarynyň köp çykmagy netijesinde içki synalarda (böwrekler, öýkenler, iýmit siňdiriş ýollary) üýtgemeler döreýär. Adatça, orta ýaşly adamlar, köplenç, aýallar keselleýärler.

Kesel üznüksiz geçýär. Ýuwaş-ýuwaşdan beden gowşaklygy, tiz ýadamagy, çalt ýürek urmasy, köp peşew çykmagy, böwrek-daş keseliniň alamatlary, süňk agyrylary döreýär. Soňra uzyn el-aýak süňkleriniň gyşarmagy ýüze çykarylýar. Äňleriň zeperlenmesi mähnetöýjükli çişi ýatladýar. Ýerleşişi boýunça dürli ýerlerde duş gelip bilýär.

Keseliň anyklamasynda gan syworotkasynda kalsiniň mukdarynyň ýokarlanmasy we fosforyň mukdarynyň azalmagy, peşewde bolsa olaryň ikisiniň hem mukdarynyň ýokarlanmalary wajyp alamat bolup durýar.

Rentgen suratdaky süňk üýtgeşmeleri onuň gabyk gatlagynyň ýukalmagy hem-de daşyna tarap gübermegi görnüşinde ýüze çykýar, köpsanly kista şekilli agarmalar kesgitlenilýär.

Öýjük gurluşy boýunça «goňur çiş» güýçli bildirýän birleşdiriji dokuma gurluşly, süňk dargadyjy öýjük görnüşindäki köpsanly mähnetöyjükleri bar. Kesel ojagyny gurşap alan süňk töweregi güýçli derejedäki süňküň eräp siňmegi we süňk emele getiriji öýjükler bilen we süňk emele gelmek hadysasy bilen häsiýetlendirilýär.

Bejergisini endokrinolog-hünärmen amala aşyrýar. Ol galkanýany mäziň adenomasyny amal bilen kesip aýyrmakdan ybarat. Geçirilen amaldan soňra ýuwas-ýuwaşdan kesel hadysasynyň yzyna dönmegi bolup geçýär.

Näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasy kanagatlanarly.

### 12.8.7.5. Gyşarma döredijі osteit (deformirleýji osteit, Pejetiň keseli)

Bu keseliň süňk çişe meňzeş keseller toparyna degişli edilmegi onuň alamatlarynyň äňleriň beýleki süňk birleşdiriji dokuma keselleriniň alamatlary bilen meňzeşligi sebäplidir.

Zeperlenme süňküň yzygiderli üýtgäp gurulmagynda – süňküň könesiniň eräp siňmeginde we täzesiniň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr, bu ýagdaýda süňk emele gelmegi süňk bardasynyň işjeň gatnaşmagynyň hasabyna bolup geçýär. Süňkleriň gyşarmalary, olaryň galňamagy ýüze çykýar. Uzyn el-aýak süňkler, çanaklyk, kelleçanak we ýüz süňkleri, äňler zeperlenýär. Döremeginiň sebäpleri näbelli. Orta ýaşdaky we gartaşan adamlar keselleýär.

Kesel assyrynlyk bilen başlaýar, örän haýal geçýär we uzak wagtlap hiç bir alamat bilen ýüze çykmaýar. Soňabaka ýuwaş-yuwaşdan ol ýa-da beýleki süňküň gyşarmasy ýüze çykýar, duýdansyz zeperlenme döwükleriniň döremegi mümkin. Kelle we ýüz süňkleri zeperlenende, kelläniň göwrümi ulalýar, kelleçanagyň beýni bölegi onuň ýüz böleginiň üstüne abanyp durýan ýaly bolýar, duluk süňküniň töwerekleri giňelýär, burun süňkleri galňaýar. Kähalatlarda kesel äňlerde bedeniň beýleki süňklerinden öň ýüze çykýar we olarda gyşarmalar döreýär, üstlerinde büdür-südür döreýär, dişler öýjükli ösüntgi bilen birlikde öňe omzaýar. Nemli barda dartylan, solak reňkli, eger-de näsaglar aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamalary ulanýan bolsalar, kesel gitdigiçe beterleýänligi sebäpli, olar ýaramsyz bolýar hem--de täzesini ýasamaly bolýar. Keseliň sarkomatoz görnüşe geçip gitmegi mümkin.

Rentgen suratdaky üýtgemeler bu kesel üçin häsiýetlidir. El we aýak uzyn süňklerinde gabyk gatlagynyň süýümleriniň dargama alamatlary, öýjükli böleginiň bertikleşmesi görünýär. Süňk-ýilik akabalary kesgitlenilmeýär. Dykyz we öýjükli süňk menekojakly «pamyk» şekiline geçýär. Pamyk şekilli suratynyň düşeginde gyralary büdür-südür, «tüýjümek» ýaly ýüzleri bolan içki we daşky gabyk gatlaklaryň galňamagy kesgitlenilýär. Äň süňklerinde adaty «pamyk» şekilinden başga-da, süňk emele gelmeginiň onuň pytrama hadysasyndan agdyklyk edýän rentgen suratdaky üýtgemeleri ýüze çykarylýar (*215-nji surat*).



*215-nji surat.* Gyşarma dörediji osteit (Pejetiň keseli). Ýokarky äňdäki süňk emele gelmekligi görnüşindäki we aşaky äňdäki «pamyk» şekilli üýtgeme hadysalary (rentgen surat)

Gyşarma dörediji osteidi giperparatireodizmiň «goňur çişinden», birleşdiriji dokuma displaziýasyndan, kök ujunyň töwereginiň sement displaziýasyndan tapawutlandyrmak gerek. Kesel kesgitlemesi goýlanda, bedeniň ähli süňkleriniň rentgen surat barlagynyň wajyp anyklaýyş ähmiýeti bardyr. Keseliň geçişindäki alamatlar we ulaldyjy enjam barlagyndaky görnüşler rentgen suratdaky häsiýetli süňk üýtgemeleri bilen bilelikde anyk kesel kesgitlemesini goýmaga ýol berýär.

**Bejergisi.** Häzirki wagtda düýpli bejergi usullary ýok. Ýüzüň keşbi has bozulanda we çeýnemek bozulanda, süňküň çykyp duran ýerleri kesip aýrylýar.

Keseliň howply häsiýete geçip bilýändigi sebäpli, näsaglary yzygiderli gözegçilige alynýar.

Keseliň çaklamasy näsagyň ömri üçin kanagatlanarlydyr. Işjeňlik – owadanlyk jähtinden düýpli bozulmalar döreýär, keseliň güýçlenmegi näsagyň maýyplygyna getirýär.

### 12.8.7.6. Süňküň giňelme we bitewi kistasy

*Süňküň giňelme kistasy* – bu seýrek duş gelýän çişe meňzeş keseldir. Ol, esasan, ýaş adamlarda duş gelýär. Bu keselde, adatça, çalt ulalýan (birnäçe aýyň dowamynda) agyryly hem bolup bilýän süňküň bellibir ýeriniň gübermegi ýüze çykarylýar. Rentgen suratda daş-töweregine pytrap ýerleşen, çäklenen ojagy bolan süňk seýrekleşmesi we süňk bardasyna tarap pökgerme görnüşindäki ulalmagy ýüze çýkarylýar. Emele gelen çişe meňzeş kesel ýeri sanjylan ýagdaýynda sanjawajyň içi aňsatlyk bilen gandan dolýar we bu gemangioma baradaky pikiriň döremegine getirýär.

Ulaldyjy enjam barlagynda süňküň giňelme kistasy dürli ölçeglerdäki gandan doly bolan, birleşdiriji dokuma perdejikler bilen bölünen süňk boşluklaryndan durýar. Olar süňk zolajyklary ýa-da süňke meňzeş dokuma we süňk pytradyjy mähnetöýjüklerden durýar. Käbir ýagdaýlarda ony mähnetöýjükli çişden tapawutlandyrmak kyn bolýar.

Şeýle hem aşaky äňde örän seýrek *süňk bitewi* kistasy duş gelýär (ýönekeý ýa-da bir boşlukly süňk kistasy, şikes kistasy). Döreýşi näbelli. Ol alamatsyz geçýär, rentgen suratda äň bedeniniň gapdal böleginde bertikleşen süňk gyralary bolan, anyk çäklenen, dişler bilen baglanyşykly bolmadyk boşluk görnüşinde, tötänlikde ýüze çykarylýar.

Dokuma gurluşy boýunça kistanyň içine örtgi dokuma düşelmedik. Onuň süňk diwarlary özünde köpmaňyzly mähnetöýjükleri we gemosidleriň dänejiklerini saklaýan ýukajyk birleşdiriji dokuma bilen örtülen.

Bejergileri zeperlenme ojagyny sagdyn dokumalaryň çäklerine çenli gazamakdan ybaratdyr.

### 12.8.8. Örtgi dokuma (diş sebäpli däl) kistalary

Äňleriň diş sebäpli däl kistalarynyň döremegi ýüzüň düwünçek döwründe ösüşiniň bozulmalary bilen baglanyşykly. Bular süňk birleşme yşlarynda emele gelýär, ýokarky äňde ýerleşýär we seýrek duş gelýär. Çişe meňzeş kista şekilli zeperlenmelerden tapawutlylykda bularyň içine örtgi dokuma düşelendir.

### 12.8.8.1. Burun-kentlewük (alynky) akabanyň kistasy

Burun-kentlewük akabasynyň içindäki örtgi dokuma galyndylaryndan döreýär. Süňk birleşme yşlarynda emele gelýän kistalaryň arasynda has köp ýaýranydyr. Ýokarky merkezi alynky dişleriň arasynda ýerleşýär, kentlewük süňküniň eremegine getirýär.



*216-njy surat.* Burun-kentlewük (alynky) akabanyň kistasy (rentgen surat).

Kesel geçişi boýunça kentlewügiň öň tarap böleginde sagdyn alyn merkezi dişleriň bolmagy bilen güberçeklik kesgitlenilýär, barmak bilen barlanylanda berk bolmadyk, çöküp duran güberçek ýüze çykarylýar. Anyklaýyş üçin rentgen surat barlagynyň wajyp ähmiýeti bardyr we onda merkezi alyn dişleriň arasynyň gabadynda dişleriň kökleriniň daşynyň yşlary saklanmak bilen süňk dokumasynyň togalak ýa-da süýri seýrekleşmesi ýüze çykarylýar (*216-njy surat*). Anyklaýyşdaky kynçylyklar kökýany kistanyň emele gelmeginiň sebäbi bolup bilýän zaýalanan merkezi alyn dişler bolanynda ýüze çykyp biler. Soňky ýagdaýda rentgen suratda sebäpkär dişiň kök daşynyň yşy doly görünmeýär, içinde holesterin duzlaryny saklaýan çalymtyl reňkli suwuklyk bar.

Ulaldyjy enjam barlagynda kistanyň içine örtgi dokuma düşelen we ol agyz boşlugyna ýakyn ýerde köpgatly ýasy görnüşi bilen, burun boşlugyna ýakyn ýerde bolsa tüýjümek görnüşi bilen örtülen.

**Bejergisi.** Kentlewük tarapdan barlyp, sistektomiýa geçirilýär.

### 12.8.8.2. Togalak şekilli ýokarky äň kistasy

Bu kista ýokarky äň süňkünde ikinji alyn we gyýak dişleriň arasynda ýerleşýär. Seýrek bolmadyk halatlarda ony tötänlikde ýüze çykarýarlar. Kesel özüniň geçişi boýunça gapdalyndaky sagdyn dişleriň bolmagynda öýjükli ösüntginiň agyz bosagasy tarapynda uly bolmadyk, çäklenen ölçeglerde agyrysyz gübermegi görnüşinde ýüze çykýar.

Rentgen barlagynda ýokarky ikinji alyn we gyýak dişleriň arasynda ýerleşip, düňderilen «armyt» şekilini ýada salýan anyk çäkleri bolan süňk seýrekleşmesi kesgitlenilýär. Dişleriň kökleri süýşürilen, kök daşynyň yşlary saklanyp galan. Bu keseli ikinji alyn dişden emele gelen kökýany kistadan tapawutlandyrmak gerek (*217-nji surat*).

**Bejergisi.** Sistektomiýa amalynda jemlenendir.



*217-nji surat.* Sag tarap togalak şekilli – ýokarky äň kistasy (rentgen surat)

### 12.8.8.3. Burun-dodak (burun-öýjükli ösüntgi) kistasy

Bu kesel ýokarky äň öň tarap ýüzünde, ikinji alyn we gyýak dişleriň kökleriniň deňesinde ýerleşýär we diňe äň daşky gabyk gatlagynyň gysylmagyna getirýär. Kesel geçişi boýunça burnuň ganatynyň düýbüniň aşagynda anyk çäkleri bolan, ýerinden süýşýän, agyrysyz, deri, nemli barda we süňk bilen birleşmedik togalak görnüşli emele gelen zat bolup ýüze çykýar.

Rentgen barlagynda burun-dodak kista kesgitlenilmeýär, diňe onuň içine rentgen görkeziji madda goýberilip ýüze çykarylyp bilner. Kistanyň içinde sarymtyl reňkli ýalpyldawuk suwuklyk bolýar.

**Bejergisi.** Sistektomiýa amalynda jemlenendir.

## 12.9. ÄŇLERDE ÇIŞ WE ÇIŞE MEŇZEŞ KESEL BOLANDA GEÇIRILÝÄN AMAL GÖRNÜŞLERI

Äň çişlerinde göwrümleri kesel hadysasynyň geçişiniň häsiýetine (howpsuz, howply), ýaýraňlygyna we ýerleşýän ýerine bagly bolan dürli amallary berjaý edýärler.

Howpsuz çişiň amal arkaly bejergisi, adatça, çişiň diňe özüni aýyrmaga gönükdirilendir. Emma çişiň ýerli siňýän ýaly ösüşiniň bolmagy daşynyň galtaşýan süňk dokumasyny hem goşmak bilen, geçirilýän amalyň serhetlerini giňeltmeklige mejbur edýär.

Howply çişler giňişleýin amaly, ýagny çişi sagdyn dokumalaryň çäklerinde, çişiň azyndan 2 *sm* daşyndan alyp kesip aýyrmaklygy talap edýär. Şeýle hem çişiň sebitleýin ýaýrama ýollaryndaky amallary geçirilýär.

Çişe meňzeş keselleriň hirurgik bejergisi, köplenç, kesel ojagyny gazap aýyrmakda jemlenendir.

Çişiň ýerleşýän ýeri hem amal bejergisiniň göwrümine täsir edýär: beden üçin wajyp synalara (göz, kelle-beýnisi, ýokarky dem alyş ýollar we iýmit siňdiriş synalar) golaý ýerleşenligine baglylykda amalyň serhetleri kiçeldilýär ýa-da giňeldilýär. Äňlerde aşakdaky amal görnüşleri geçirilýär.

### 12.9.1. ÄŇLERDÄKI ÇIŞ BOÝUNÇA GEÇIRILÝÄN AMALLAR

**Gazap aýyrmak.** Kesel dokumasyny sagdyn süňke çenli doly aýyrmaklygy göz öňünde tutýar. Hirurgik çemçe bilen amala aşyrýarlar, kähalatlarda bolsa, üýtgän süňki diş gyrylýan enjamyň kömegi bilen gyryp aýyrýarlar.

**Goparyp aýyrmak.** Çişi onuň daşynyň bardasy bilen bilelikde aýyrmaklygy göz öňünde tutýar. Gopargyç, egri gaňyrgyç, şeýle hem çişiň bardasy we süňküň arasy boýunça gural bilen iteklenilýän uly bolmadyk hasa tokgasynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Usullaryň ikisini hem aşaky we ýokarky äňlerde deň derejede ulanylýar. Emma amal wagty ýokarky äň boşlugy bilen habarlaşma dörese, onda aşaky burun geçelgesinde deşik döretmek bilen ýokarky äň boşlugyny düýpli açmak amaly bilen utgaşdyrylýar.

**Aşaky äňi kesip aýyrmak.** Kesip aýyrmagyň aşakdaky görnüşleri ulanylýar: äň bedeniniň aşaky gyrasyny saklap galmak bilen tygşytly kesip aýyrmak; äň yzygiderliligini saklamazdan bir bölegini kesip aýyrmak, bogundan goparmak bilen äň ýarysyny kesip aýyrmak; şeýle hem iki tarapdan bogundan goparmak bilen äňiň doly aýrylmagy. Kesip aýyrmagyň ilkinji iki görnüşi süňk bardasy (ýagny ýarada süňk bardasyny saklap galmak bilen) amala aşyrylyp bilner. Aşaky äň kesilip aýrylmagy daşyny gurşap alan ýumşak dokumalary kesip aýyrmak bilen utgaşdyrylyp bilner (*218-nji a, b, ç, d suratlar*).




*218-nji a, b, ç, d suratlar.* Çişiň ýerleşişine we ölçeglerine baglylykda aşaky äňi kesip aýyrmagyň görnüşleri:
*a* – äňiň bedeniniň esasyny saklap galmak bilen tygşytly kesip aýyrmak; *b* – äňiň yzygiderliligini saklamazdan bir bölegini kesip aýyrmak; *ç* – bogundan goparmak bilen äňiň ýarysyny kesip aýyrmak; *d* – iki tarapdan bogundan goparmak bilen äňiň doly aýrylmagy

Bogundan goparmak bilen aşaky äň kesilip aýrylmagy, amaly umumy agyrysyzlandyrma bilen geçirilýär. Äňasty sebitiň derisini we derasty gatlagyny äňiň burçundan aýlanýan kesim bilen eňege çenli kesýärler (*219-njy a, b, ç suratlar*).

Kesimi ýüz nerwiniň gyraky şahasyny kesmezlik üçin äňiň aşaky gyrasyndan 1,5-2,0 *sm* aşakdan geçirýärler. Dokumalary aýryşdyrýarlar we aşaky äň aşaky gyrasyny açýarlar. Çeýneýiş muskulynyň öň tarapynda ýerleşen ýüz arteriýasynyň we wenasynyň hersi iki sapak bilen daňylýar hem-de olaryň arasy boýunça kesilýär.



a) b) ç)

*219-njy a, b, ç suratlar.* Bogundan goparmak bilen aşaky äňiň ýarysyny kesip aýyrmak:
*a* – geçirilýän kesimiň çyzygy; *b* – äňiň bedenini we şahasyny ýumşak dokumalardan goparmak hem-de byçgy bilen täç ösüntgini we bedeni kesmek; *ç* – bognuň bagjyklaryny kesmek we kesilip aýrylýan äň bölegini goparyp aýyrmak

Aşaky äň burçunyň ýanynda esasy çeýneýiş muskulyň siňri kesilýär we düşekçe tikinlerine alýarlar. Äňiň bedenini we şahasyny açýarlar. Agzyň bosagasy tarapdan diş etiniň gyrasy boýunça, ondan 0,5-1 *sm* gapdaldan nemli bardany kesýärler, süňküň kesilýän ýerini, çyzygy boýunça dişi sogurýarlar. Äň iç ýüzi boýunça sogrulan dişiň deňesinde ýumşak dokumalary goparýarlar we onuň içinden sim byçgysyny geçirip, ujuny daşky ýaradan çykarýarlar. Äňi byçgylap kesýärler. Äň kesilip aýrylyp-goýulýan bölegini süňk saklaýjy gural bilen saklap, äň bedeniniň iç ýüzüne birigen ýumşak dokumalary gaýçy we pyçak bilen boşadýarlar. Içki ganatşekilli muskulyň siňrini onuň birleşen ýerinde kesýärler. Täç ösüntgini açýarlar we ondan çekge muskuly kesýärler. Äň bölegini süňk saklaýjy bilen çekip, ony ýuwaş-ýuwaşdan aşaklygyna çykarýarlar. Bu ýagdaýda çekge-aşaky bognuň bagjyklar toplumy açylyp görünýär hem-de olary gaýçy bilen kesýärler. Soňra bogun ösüntgiden daşky ganatşekilli muskuly goparýarlar we äň içki arteriýasyna şikes ýetirmezlik üçin, muskuly gönüden-göni ösüntginiň ýanynda kesýärler. Boşadylan äň kesilip aýrylyp-goýulýan bölegini oýnadyp, seresaplylyk bilen ýaradan çykarýarlar. Äňiň galan böleginiň ýaradaky ýiti gyrasyny diş gyryjylar bilen düzleýärler we süňk bardasy bilen ýapýarlar. Ýarany tikmekligi agyz boşlugy tarapyndan başlaýarlar. Tikinleri gatma-gat – ilki nemli barda, soňra nemli bardasty gatlaga goýýarlar. Daşky ýarany hem gatma-gat tikýärler. Tikinleriň arasynda 2-4 günüň dowamynda gan we ýara suwuklygy akyp çykmagy üçin rezin zolaklary goýulýar. Äň galan böleginiň süýşmezligi üçin, ony Wankewiçiň ýa-da Weberiň seýikleriniň, käwagt bolsa iki äňe hem berkidilýän özbaşdak sim seýikler we äňara berkitme bilen berkidilýär.

Aşaky äňiň bellibir ýeri kesilip aýrylmaly ýagdaýynda çemeleşmeklik we amalyň geçirilişi ýokarda beýan edilişi ýaly, emma äň süňküni ýene-de bir ýerinde kesmeli bolýar. Aşaky äňiň eňek bölegi kesilip aýrylanda, amaldan soňraky diliň yza süýşmeginiň öňüni almagy dili sim bilen saklamaklyk amala aşyrylýar.

**Ýokarky äňi kesip aýyrmak.** Ýokarky äňi kesip aýyrmagyň dürli görnüşleri bar: öýjükli ösüntgini kesip aýyrmak; gözhananyň aşaky gyrasyny saklap galmak

bilen ýokarky äňiň ýarysyny kesip aýyrmak; göz almasyny aýyrmak ýa-da gözhanasynyň içini boşatmak bilen utgaşykly geçirilýän ýokarky äň ýarysynyň kesilip aýrylmagy we ýokarky äňiň doly kesilip aýrylmagy (*220-nji a, b, ç suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*220-nji a, b, ç suratlar.* Çişiň ýerleşişine we ölçeglerine baglylykda ýokarky äňi kesip aýyrmagyň görnüşleri:
*a* – öýjükli ösüntgini kesip aýyrmak; *b* – gözhananyň aşaky gyrasyny saklap galmak bilen ýokarky äňiň ýarysyny kesip aýyrmak; *ç* – ýokarky äňiň tutuş ýarysyny kesip aýyrmak



*a)* *b)* *ç)*

*221-nji a, b, ç suratlar.* Ýokary aňi kesip aýyrmak:
*a* – ýumşak dokumalarda geçirilýän kesimiň çyzygy; *b* – ýokary äňden ýumşak dokumalar goparylan we sim byçgy, diş gyryjy hem-de sünk çapgyjy bilen äňiň aýrylýan bölegi kesilýär; *ç* – sag tarap ýokarky äň kesilip aýrylan

*Ýokarky äň ýarysyny kesip aýyrmagy* (*221-nji a, b, ç suratlar*) umumy agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrylýar. Burnuň ganaty we gapdal tarapy boýunça aýlanyp geçýän ýokarky dodagyň orta çyzygy we gözasty sebit boýunça, duluk süňküne çenli derini we aşagynýň ýumşak dokumalary tutuş galyňlygynda kesilýär (Nelaton, Weber boýunça ýa-da ş.m.). Kesimiň duluk süňküne gönügen kese böleginiň aşaky kirpik çyzygy ýa-da aşaky göz gabagynyň nemli bardasynyň geçiş ýygyrdy boýunça kesim bilen çalşyrylýan görnüşleri hem bar. Ýokarky dodagy gapdala çekýärler we agyz bosagasynyň geçiş ýygyrdynyň ýokarky aýlawy boýunça äň güberçek ýerine çenli kesilýär. Ýokarky äň öň tarap diwaryndan duluk süňke çenli, onda süňkbardasyny saklap galmak bilen ýumşak dokumalary kesip aýyrýarlar, amalyň dowamy boýunça gözasty arteriýa daňylýar. Esasy çeýneýiş muskulyň süýümleri kesilýär. Gözhananyň aşaky gyrasy boýunça aşaky gabak-gözhana gatlagara dokuma bardasy kesilýär we ony gözhananyň düýbünden gopargyç bilen aýyrýarlar. Diş gyryjy

enjamyň, süňk çapgyjynyň kömegi bilen ýokarky äňi duluk we maňlaý süňklerden, burnuň süňk böleginden goparýarlar. Soňra zeperlenme tarapdan merkezi alyn dişi sogurýarlar we orta çyzyk boýunça gaty kentlewügiň nemli bardasyny kesýärler. Kese kesim bilen ýumşak kentlewügi gaty kentlewükden aýyrýarlar we ýumşak kentlewügi saklap galýar. Süňk çapgyjynyň kömegi bilen kentlewük süňkleri orta çyzyk boýunça biri-birinden aýyrýarlar, ýokarky äň güberçek ýerini esasy süňküň ganatşekilli ösüntgisinden aýyrýarlar.

Şeýlelik bilen, ýokarky äň süňküni birleşýän ýerlerinden aýyrýarlar we el bilen ýa-da gural bilen saklap durup, doly yrgyldadylýar hem-de goparýarlar. Gan akmasy saklap, ýaranyň içinde hasa dykysy goýulýar. Ýokarky äň süňki goparylyp aýrylandan soňra uly kemtik emele gelýär, süňk daýanjy – düýbi ýoklugy sebäpli göz almasy aşaklygyna süýşýär. Şeýle ýagdaýlarda gözi ýerinde saklap galmak üçin çekge ýa-da çeýneýiş muskulyny ulanýarlar. Ýaňagyň bertik gyşarmasynyň döremeginiň öňüni almak üçin ýaranyň ýüzüni näsagyň özünden alnan erkin deri kesim bölegi bilen ýapýarlar. Dokumalary ýerine goýup, gatma-gat tikýärler. Ýokarky äň kemtigini wazelin ýagy siňdirilen kseroformly hasa bilen doldurýarlar, ony bolsa amaldan öň ýasalan plastmassa gorag örtgüsi bilen ýapyp saklaýarlar. Soňraky döwürde ýara bitenden soňra näsag doldurgyç bölegi bolan emeli diş gurnamasyny ulanýar we ol töweregini gurşap alan dokumalary zeperlemeli däldir.

*Gözhananyň aşaky gyrasyny saklap galmak bilen ýokarky äň ýarysyny kesip aýyrmak* amaly ýokarda beýan edilen amaldan goşmaça geçirilýän gözhananyň aşaky gyrasy boýunça süňki kesmek bilen tapawutlanýar.

*Ýokarky äň öýjukli ösüntgisiniň kesilip aýrylmagy*, adatça, ýokarky äň boşlugynyň açylmagy bilen bolup geçýär. Beýle bolan ýagdaýynda onuň içiniň ykjam barlagy we arassalanmagy, aşaky burun geçelgesi bilen habarlaşar ýaly, deşik döretmek gerek bolýar hem-de töwereginiň nemli bardasyny ulanyp, agyz boşlugy bilen arany ygtybarly beklemek gerek. Amaldan soňraky döwürde ýara biter ýaly öňünçä plastmassadan gorag örtgüni ýasap goýmaly.

Soňky ýyllarda äňleriň howply çişlerinde amaly elektrohirurgik usul bilen geçirmeklik köp ulanylýar. Ol çişi we ony gurşap alan dokumalaryň elektroköýdürmesini geçirmekde jemlenendir we olary ýuwaş-ýuwaşdan ganaýan ýerlere çenli ýakyp aýyrýarlar.

### 12.9.2. Çişiň sebitleýin ýaýrama ýollaryndaky amallar

Agyz boşlugynyň synalaryndan we äňlerden agyz boşlugynyň düýbüniň we boýnuň sebitleýin limfa düwünlerine howply çişiň ýaýramasy bolanynda degişlilikde, agyz boşlugynyň düýbüniň dokumalarynyň kesilip aýrylmagyny (Wanahyň amaly) we boýnuň ýarpy tarapynyň limfa düwünleriniň we dokumalarynyň kesilip aýrylmagyny (Kraýlyň amaly) geçirýärler.

### 12.9.2.1. Agyz boşlugynyň düýbüniň dokumalaryny toplumlaýyn kesip aýyrmak (Wanahyň amaly)

Amaly kekirdek içre dem bermek ýagdaýyndaky umumy agyrysyzlandyrma bilen amala aşyrylýar. Nal şekilli ýa-da ýaka şekilli deri kesimini geçirýärler. Ýaka kesim amal ýerine barmaga we ýara suwuklygynyň akmagyna oňat şert döredýär. Nal şekilli kesimi aşaky äň gyrasyndan 1,5-2 *sm* aşakdan geçirilýär we ony äňyzy töwerek boýunça dowam edýärler. Derini we derasty ýagly gatlagy ýüzleý gatlagara dokuma bardasyna çenli kesýärler. Deri kesim bölegini ýokary tarapdan aşaky äňiň gyrasyndan 1-2 *sm* ýokarlygyna, aşak tarapdan galkan şekilli ketirdewügiň ýokarky gyrasyna çenli, ortada boýnuň orta çyzygyna çenli we gapdalda yşarat muskulyň yzky gyrasyna çenli aşaklygyna boşadýarlar. Soňra amal meýdanynyň aşaky gyrasy boýunça ýüzleý gatlagara dokuma bardasyny we derasty muskuly kesýärler, galkan şekilli ketirdewügiň üstünden boýnuň ikinji gatlagara dokuma bardasyny hem kesýärler. Gatlagara dokuma bardaly muskul kesim bölegini galkan şekilli dilasty muskulyň üstünden dilasty süňküň bedenine we ikigarynjykly muskullaryň siňrine çenli goparýarlar. Mundan soňra äňasty dokumalar toplumyny we äňasty üçburçlugyň içini boşatmaga we kesip aýyrmaga girişýärler. Näsagyň kellesini garşylyklaýyn tarapa öwürýärler. Boýnuň ikinji gatlagara dokuma bardasyny goparylan dokumalar toplumyndan daş tarapa, yşarat muskulynyň öň tarap gyrasyna çenli kesýärler we soňra kesimi gulakýany tüýkülik mäziň aşaky gyrasyna çenli dowam edýärler. Öň tarap ýüz wenany daňýarlar we kesýärler, ondan soňra, esasan, kütek ýol bilen äňasty dokumalar toplumynyň yz tarapyny boşadýarlar, onuň içinde bolsa äňasty tüýkülik mäzi görnüp durýar. Soňra äňasty dokumalar toplumyny aşaky äňden boşadýarlar. Derasty muskuly asaky äň gyrasy boýunça eňekden äň burçuna çenli kesýärler. Äňasty dokumalar toplumynyň ýokary tarapyny aşaky äň süňk bardasyna zeper ýetirmezden, eňekden başlap goparýarlar. Eňek we ýüz arteriýalary, öň tarap ýüz wenany äň gyrasynyň ýokarsy boýunça daňýarlar we kesýärler. Şeýle hem äň burçunyň yzynda yz tarap ýüz wenany daňýarlar we kesýärler. Mundan soňra äňasty dokumalar toplumynyň yz tarapyny boşatmaga girişýärler. Aýrylyp-goýulýan dokumalar toplumy boýnuň orta çyzygyna tarap çekilende, ýüz arteriýasynyň yz bölegi ýüze çykarylýar we ony iki sany ýüpek sapak bilen daňýarlar hem-de kesýärler. Soňra äňasty dokumalar toplumyny boýnuň ikinji gatlagara dokuma bardasynyň çuňňur bölegi bilen bilelikde äň dilasty muskulyndan kütek ýol bilen goparýarlar, äňasty tüýkülik mäziň akabasyny ýüpek sapak bilen daňýarlar we kesýärler. Akabanyň ujuna ýod erginini çalýarlar. Äňasty dokumalar toplumyny bölüp aýyrmak, ony ikigarynjykly muskulyň öň tarap garynjygynyň daşky gyrasyndan goparmak bilen tamamlanylýar. Şuňa meňzeş amaly beýleki tarapda hem berjaý edýärler. Mundan soňra eňegasty dokumalar toplumyny kesip aýyrýarlar. Goparylan deri kesim bölegini ýerine goýýarlar we ýygy düwünler arkaly poliamid sapak bilen tikýärler. Äňasty tüýkülik mäzleriň ýerlerinde ýygnanýan gan we doku-

ma suwuklygy akar ýaly inçejik poletilen turbajyklary ýa-da rezin ellikden kesilen zolaklary salýarlar (*222-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar*).




*222-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar.* Agyz boşlugynýň düýbüniň dokumalaryny toplumlaýyn kesip aýyrmak (Wanahyň amaly):
*a* – iki görnüşli kesim çyzyklary bellenen (aşaky äňiň gyrasy boýunça nal şekilli – ýokarky, ýaka şekilli – aşaky); *b* – deri goparylyp boşadylan; *ç* – derasty muskulyň kesilmegi; *d, e* – äňasty dokumalar toplumy boşadylan we kesilen; *ä* – eňegasty dokumalar toplumy kesilen. 1 – ýüz damarlary; 2 – ýüz arteriýasy; 3 – ýüz wenasy; 4 – äňasty tüýkülik mäziň akabasy

Kesilip aýrylan dokumalar toplumynyň kebelek şekilindäki görnüşi bar. Ol äňasty we eňegasty limfa düwünlerden, bilelikde aýrylan äňasty tüýkülik mäzlerden, olary gurşap alan ýagly gatlakdan we örtýän gatlagara dokuma bardalardan durýar. Ulalan ýokarky boýuntyryk limfa düwünler ýüze çykarylanda, amalyň ikinji usuly berjaý edilýär we munda çuňňur boýuntyryk wenanyň yz tarap gyrasy we umumy uky arteriýanyň öň tarap gyrasy boýunça boýnuň nerw damar ulgamynyň dessejiginiň ýatan ýerini açýarlar. Özünde ýokarky boýuntyryk limfa düwünlerini saklaýan gatlagara dokuma bardasynyň aýajygyny 2-3 *sm* giňlikde açýarlar. Gatlagara dokuma bardasynyň aýajygynyň daşky diwary – boýnuň ikinji gatlagara dokuma bardasy, içki diwary bolsa boýnuň nerw damar ulgamynyň dessejiginiň ýatan ýeriniň daşky diwary bolup durýar.

### 12.9.2.2. Boýnuň ýarpy tarapynyň dokumalaryny toplumlaýyn kesip aýyrmak (Kraýlyň amaly)

Agyz boşlugynyň synalarynyň we äňleriň kanseri boýnuň limfa düwünlerine ýaýranda düýpli bejergi geçirmek maksady bilen boýnuň degişli tarap ýarysynyň limfa düwünlerini we derasty dokuma gatlaklary kesip aýyrmagy amala aşyrýarlar. Bu amala Kraýlyň amaly diýlip at berlen. Häzirki wagta çenli amala girizilen sähelçe üýtgemeler deri kesiminiň görnüşine we kesilip aýrylyp-goýulýan dokuma-

laryň serhetlerine degişli. Limfa düwünleri we derasty dokuma gatlaklary ýokarky serhedi aşaky äň bedeni, şahasy we çekge süňküniň emzik şekilli ösüntgisiniň ujy, aşaky serhedi – ýaýjyk süňk, öň tarap serhedi boýnuň orta çyzygynyň dilasty süňk we beýleki tarapyň iki garynjykly muskulynyň öň tarap garynjygynyň derejesi boýunça, yz serhedi – dörtburçluk şekilli muskulyň gyrasy boýunça araçäklerde kesip aýyrýarlar. Derasty dokuma gatlaklar we limfa düwünler, aýratyn hem olara howply çiş ýaýramagy bolanda, yşarat muskulyny we içki boýuntyryk wenasy bilen ysnyşykly baglanyşan bolýar. Kraýl boýunça geçirilýän adaty amalda ýokarda sanalan muskuly we wenany boýnuň derasty dokuma gatlaklary we limfa düwünleri bilen bilelikde toplumlaýyn aýyrýarlar (*223-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar*).




*223-nji a, b, ç, d, e, ä suratlar*. Boýnuň ýarpy tarapynyň dokumalaryny toplumlaýyn kesip aýyrmak (Kraýlyň amaly):
*a* – kesilip aýrylýan dokumalaryň serhetleri; *b* – Kraýl boýunça deri kesimi; *ç* – Martin boýunça deri kesimi; *d* – deri kesim bölekleri serpikdirilen, yşarat muskulynyň iki aýajygy hem kesilen, içki boýuntyryk wena öýjükli dokumalardan boşadylan; *e*– ýaýjygüsti, ýaýjygasty we eňegasty gatlagara dokuma bardaly toplumlar goparylan; *ä* – deri kesim bölekleri ýerlerine goýlan we düwünli tikinler goýlan.
1 – umumy uky arteriýa; 2 – daşky uky arteriýa; 3 – içki uky arteriýa;
4 – içki boýuntyryk wena; 5– ýüz arteriýa; 6 – ýokarky galkan şekilli arteriýa; 7 – dilasty nerw

Boýnuň dokumalaryny gatlaklaýyn kesip aýyrmak Kraýlyň amalynyň üýtgedilen görnüşi bolup durýar. Ýokarda getirilen serhetlerde boýnuň derasty muskulyny, dokuma gatlaklaryny, limfa düwünlerini, äňasty üçburçlugyň içiniň dokumalaryny kesip aýyrýarlar. Yşarat muskuly we içki boýuntyryk wenany kesip aýyrmaýarlar. Bu amal gaýrüzülmäniň öňüni almak maksady bilen, şeýle hem ýokarda sanalan muskul we wena bilen birleşmedik çiş ýaýran limfa düwünleri bolanda ulanylýar.

## 12.10. ÇIŞ KESELLI NÄSAGLARYŇ AMALDAN SOŇRAKY DÖWRÜNIŇ GEÇIŞINIŇ WE OLARA GÖZEGÇILIGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Äň-ýüz töwereginiň çişleri boýunça amal geçiren näsaglaryň amaldan soňraky döwrüniň geçişi geçirilen amalyň göwrümine we bile geçýän umumy kesellerine, seýrek bolmadyk halatlarda bedeniň agyrlaşan umumy ýagdaýyna bagly bolup durýar.

Bulardan başga-da, amaldan soňraky döwrüň geçişine bedeniň dokumalarynyň zeperlenmelerinde onuň bitijilik ukybyny peseldýän, amaldan öň geçirilýän şöhle bejergisi täsir edýär.

Äň-ýüz töwereginiň howpsuz, şeýle hem howply çişleri boýunça geçirilýän giňişleýin amallar köp gan ýitgisi sebäpli bedende aýlanýan ganyň göwrüminiň azalmagyna getirýär. Gan aýlanyşygynyň bozulmasy ýokary lagtalanma hadysasy bilen utgaşýar hem-de damarlaryň petiklenmegine we lagta böleginiň başga synalaryň damarlaryna düşmegine ýardam edýär.

Şöhle bejergisinden soňra näsaglaryň käbirinde böwregüsti mäziň gabyk böleginiň işjeňligi peselýär we bu ýürek-damar ýetmezçiliginiň döremeginiň bir sebäbi bolýar. Beýni gan aýlanyşygynyň mümkin bolan bozulmalary boýnuň iri gan damarlarynyň daňylmagy bilen baglanyşyklydyr. Näsaglaryň käbirinde amaldan soňraky döwürde daşky dem alşyň peselmegi ýüze çykýar. Öýken sowuklamasy seýrek bolmadyk gaýrüzülmedir. Käwagt turşulyk-aşgar ýagdaýynyň, dokuma alyş-çalşygynyň üýtgemeleri, turşularyň agdyklyk etmegi we ş.m. bozulmalar kesgitlenilýär. Esasy işjeňlik görkezijileriň üýtgemeleri bedeniň sazlaşykly durumynyň bozulmasyna getirýär. Beýle näsaglar amaldan soňraky döwürde yzygiderli, depginli bejergi geçirýän lukmanyň gözegçiliginde bolýarlar we onuň bejergisini alýarlar.

Bedeniň umumy durum sazlaşyksyzlygy ýaranyň geçişine täsir edýär. Amaldan soňraky döwürde ýaranyň iriňlemesiniň öňüni almak üçin we arassalamak üçin agyz boşlugyny kaliý permanganatynyň gowşak ergini, natriý bikarbonatynyň 5%-li ergini we ş.m. bilen ýygy-ýygydan ýuwup durýarlar.

Amaldan öň şöhle bejergisini alan näsaglarda, adatça, ýaranyň ilkinji birleşme bilen bitmeklik döwri uzalýar. Şonuň üçin hem tikinleri 12-15 günden soň aýyrýarlar. Tikinleriň ir aýrylmagy ýaranyň gyralarynyň açylmagyna, uly ýara ýeriniň döremegine, süňküň üstleriniň açylmagyna hem-de olaryň soňra iriňlemegine getirip biler. Dokumalaryň dargama önümleriniň, zäherli maddalaryň ýygnanmagy näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasyny erbetleşdirip, onuň umumy ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär.

Seýrek bolmadyk halatlarda amaldan öň geçirilen şöhle bejergisi sebäpli amal geçirilen ýeriň dokumalarynyň çüýremegi ýüze çykýar. Beýle ýagdaýlarda lukman çüýrän ýerleriň gopup başlamagyndan soňra zaýalanan dokumalary kesip aýyrmak işlerini geçirmelidir. Ýaranyň ýüzüne melhemli sargylary goýýarlar, sintomisiniň ýagly euryndysyny, bägül, zeýtun ýaglaryny ulanýarlar.

Damaryň, aýratyn hem iri damaryň (uky arteriýasy) diwarynyň dargamagy sebäpli döreýän gan akma jan howply gaýrüzülmedir. Damaryň diwaryny gan akma ýerinde tikjek bolmak synanyşygy, adatça, netijesizdir. Beýle ýagdaýda damary bellibir daşlykda daňmak gerek.

Daşky ýaranyň agyz boşlugy bilen habarlaşmasy bolan ýagdaýynda ol, köplenç, iriňleýär. Bu näsagyň umumy ýagdaýyny agyrlaşdyrýar we sagalmagyny uzaga çekdirýär. Çişme hadysa bolan ýagdaýynda iriňleme ojagyny kesgitlemek gerek we ýaranyň gyralaryny açyp ýa-da goşmaça kesim geçirip ony boşatmaly. Ýerli we umumy ýokanja garşy bejergi geçirýärler, protein erediji fermentler we ş.m. dermanlar ulanylýar.

Äň-ýüz töwereginiň amaldan soňraky kemtigi näsagyň kadaly naharlanmagyna mümkinçilik bermeýär. Beýle näsaglary iýmitlendirmegi gyzylödege ýa-da aşgazana salnan turbajyk arkaly amala aşyrýarlar. Kähalatlarda amaldan soňraky ilkinji günler göni içege arkaly iýmitlendirmegi amala aşyrýarlar, soňra bolsa jüründigine rezin turbajyk berkidilen we diliň düýbünden aňryk geçirilen ýörite iýmitlendiriş gaby ulanylýar. Wagtyň geçmegi bilen näsag özbaşdak iýmitlenmek endigini ele alýar.

Umumy agyrysyzlandyrma üçin agyzdan ýa-da burundan dem alyş ýollaryna ýörite rezin turbajyk salmak kynçylygy ýüze çykanda näsaga emeli kekirdek deşigini goýýarlar. Emeli kekirdek deşigine dogry we ygtybarly gözegçilik etmek, ony arassalap durmak dem alyş bozulmalarynyň we öýkenlerde çişme hadysasynyň döremeginiň öňüni alyş çäresi bolup durýar. Emeli kekirdek deşiginiň turbajygynda nem suwuklygy ýygnananda ony tüýkülik sorujy enjam bilen sordurýarlar, goýy suwuklyk bolanynda onuň içki turbajygyny çykarýarlar we arassalaýarlar.

Ýüzüň aşaky üçden bir böleginiň kemtiginde köp mukdarda tüýkülik akýar we ol bedeniň suw-duz alyş-çalşygynyň bozulmagyna getirýär. Kemtigi gurşap alan dokumalaryň ezilmegi we olaryň sowuklamagy çişme hadysalaryň döremegine ýardam edip biler. Ezilen sargylary ýygy-ýygydan çalyşýarlar. Tüýküligiň boýna, döşe akmazlygy üçin poletilen kirlik ulanýarlar. Plastmassalardan dürli gorag sargyny – kemtigiň töweregindäki sargy hasa ýaglyjaklaryny saklar ýaly sapança ýa-da tüýkülik ýygnanýan ýörite enjam ýasaýarlar.

Soňky ýyllarda howply çiş kesilip aýrylanyndan soňra äň-ýüz töwereginde döreýän kemtigi ýerli dokumalar ýa-da daşgyn ýerlerden alnan dokumalar bilen şol bir wagtda düzetmegiň usullary işlenilip düzülýär. Çişi kesip aýyrmak amaly wagty kemtigi düzetmek mümkin bolmasa, soňra plastmassadan agyz içre ýa-da daşky emeli syna gurnamasyny ýasaýarlar.

## 12.11. ÄŇ-ÝÜZ TÖWEREGINIŇ ÇIŞI BOLAN NÄSAGLARYŇ SAGLYGYNYŇ DIKELDILIŞI

Saglygyň lukmançylyk dikeldilişi – bu näsagyň tiz sagalmagyna we onuň ozalky iş ýerine gaýdyp gelmegine gönükdirilen çäreler toplumydyr.

Saglyk dikeldiş çäreleri, gönüden-göni näsag saglyk öýüne, saglyk merkezine ýüz tutanynda amala aşyrylyp başlanýar we ony diňe bir ýatymlaýyn şertlerinde bejergi alanynda dowam etmän, eýsem, ondan çykarylyp, doly sagalýança geçirýärler.

Ýüzüniň, agyz boşlugynyň synalarynyň we äňleriniň çişi bolan näsaglaryň hirurgik-bejergisi, adatça, kemtik ýa-da gyşarma döremegine getirýär we ol diňe bir ýüz keşbiniň owadanlygynyň bozulmasyny döretmän, eýsem, hemişe tüýkülik akyp durmagy, naharlanandaky, dem alanyndaky we geplänindäki kynçylyklar görnüşindäki işjeňlik bozulmalarynyň hem ýüze çykmagyna getirýär. Seýrek bolmadyk halatlarda näsagyň aňyýeti hem ejir çekýär. Ol öz-özi bilen bolup, gaharjaň bolýar, daş-töwereginiň adamlary bilen gatnaşygy azalýar. Saglyk dikeldiş çärelerini, bejeriş amalyna ir girişmek näsagyň äň-ýüz töwereginiň işjeňliginiň we owadanlygynyň bozulmalarynyň döremeginiň öňüni almaga ýardam edýär. Saglyk dikeldiş çäreleri geçirilende, her bir näsaga özbaşdak çemeleşmek gerek. Barlag we anyklaýyş amallary geçirileninde, saglyk dikeldiş çäreleri näsagyň lukman bilen gatnaşygyny dikeltmäge, näbelli kesel baradaky gorkyny aýyrmaga we onda sagaljaklygy barada ynamy döretmäge gönükdirilen bolmalydyr. Ruhy duýgurlyk ýagdaýyny kadalaşdyrmak üçin amalyň öňünden öňde duran geçirilmeli bejergi we onuň netijeleri barada gysgaça habar edýärler, gerek bolan ýagdaýynda rahatlandyryjy bejergi geçirýärler.

Uly bolmadyk howpsuz çişler boýunça gatnaw bejergi şertlerinde amal geçiren näsaglara görkezmeler boýunça soňraky döwürde ortopediýa bejergisini belleýärler.

Ýaýraň howpsuz çişi bolan ýatymlaýyn şertlerde bejergi alýan näsaglara amal meýilleşdirilende, äňi we göçürilip geçirilen dokumany berkidip saklamak üçin seýik, gorag plastmassa örtgüni we başga ortopediýa enjamlaryny ýasamagy özünde jemleýän amaldan öň geçirilýän çäreleri amala aşyrýarlar. Olary ulanmak ýaranyň tiz bitmegine we gaýrüzülmeleriň öňüni almaga ýardam edýär.

Howpsuz çişi kesip aýyrmak netijesinde dörän ýüzüň we äňleriň amaldan soňraky kemtigini, işjeňlik we owadanlyk bozulmalaryny şol amal wagty doly dikeltjek bolýarlar. Munuň üçin ýumşak we süňk dokumalaryň plastikasynyň dürli usullaryny, şeýle hem ortopediýa enjamlaryny, emeli diş gurnamasyny ulanýarlar. Amalyň agyrysyz geçirilmegine we amaldan soňraky agyryny aýyrmaga aýratyn üns berýärler we bu näsagyň umumy ýagdaýynyň tiz kadalaşmagyna getirýär.

Näsagyň saglygynyň dikeldiş çärelerini ir geçirmek maksady bilen äň-ýüz töwereginiň howply çişine müňkür bolnanda, näsagy onkolog-hünärmene ugratmak gerek. Bu anyklaýşy we maksadalaýyk bejergini geçirmegi tizleşdirer. Şöhle süňk çüýremesiniň öňüni almak üçin munuň ýaly näsaglaryň agyz boşlugy sagdynlaşdyrylýar.

Howply çişi bolan näsaglary bejermek üçin hirurgik, şol sanda elektrohirurgik we şöhle usullary, şeýle hem himiýabejergi ulanylýar. Diňe hirurgik ýa-da diňe şöhle-bejergisi ýumşak dokumalaryň çäklenen çişlerinde ulanylýar. Has ýaýraň düýpli hirurgik amal şöhle bejergisi bilen (amalyň öňünden, seýrek bolmadyk ýagdaýda amaldan soňra), kähalatlarda bolsa himiýabejergi bilen bilelikde geçirilýär.

Howply çiş boýunça geçirilýän düýpli hirurgik amal çiş öýjükleriniň gurşap alan dokumalara ýaýramak mümkinçiligini nazara alyp, sagdyn dokumalaryň çäginde kesip aýyrmagy özünde jemleýär. Amal bejergi ablastikanyň talaplaryny berjaý edip, çiş öýjükleriniň ýaradan başga ýerlere ýaýramagynyň öňüni almak üçin, başlangyç çiş sebitleýin limfa düwünleri bilen bilelikde tutuşlygyna aýrylýar. Bu çäre çişe ýakyn limfa ýollarynyň kesilmegini üpjün edýär.

Şeýle bejergi, meselem, aşaky äňiň, agyz boşlugynyň kanserinde geçirilip bilner. Dodaklaryň kanserinde iki tapgyrlaýyn amal bejergi geçirilip, ikinji tapgyrda sebitleýin limfa düwünleri kesip aýyrýarlar. Kriodestruksiýa, ýagny çişi sowuk täsiri bilen dargatmak üçin ulanylýan pes temperatura, çişiň başlangyç ojagynda geçirilýän hirurgik amalyň görnüşidir. Soňky ýyllarda äň-ýüz töweregiňiň çişlerini kesip aýyrmak $CO_2$-lazeriň (kömürturşy lazeri) kömegi bilen hem geçirilýär.

Düýpli amallardan ýüzleý amallary tapawutlandyrmak gerek. Ýokarky äňiň we agyz boşlugynyň howply çiş keselinde seýrek bolmadyk ýagdaýlarda iki tarapdan hem daşky uky arteriýalary daňýarlar. Bu amal, köplenç, çişiň kiçelmegine we agyrylaryň azalmagyna getirýär. Çişiň içindäki alyş-çalyş hadysalaryň üýtgemegi onuň şöhlä bolan duýgurlygyny artdyrýar.

Äň-ýüz töweregiňiň howply çişleriniň şöhle bejergisinde ýakyn ýygylyk ojakly we çuňňur rentgen bejergi, aralykdan tutulýan gamma-bejergi, togtadylýan ýokary energiýalaryň şöhlesi, radioaktiw serişdelerini goýup, şöhlelendirme ulanylýar. Deriniň, aşaky dodagyň, agyz boşlugynyň synalarynyň başlangyç döwürlerinde ulanylýan şöhle bejergisiniň häzirki zaman usullary käbir ýagdaýlarda näsagy doly sagaltmaga ýol berýär. Şöhlelendirmegiň tapgyryny umumy 60--80 *Gr* (6000-8000 *rad*) bolan mukdarda geçirýärler. Has ýaýraň çişler, şeýle hem, äňleriň kanseri bejerilende, şöhle bejergini hirurgik amal bilen utgaşdyrýarlar.

Soňky ýyllarda howply çiş kesselleriniň dürli görnüşlerinde himiýa bejerginiň hirurgik bejergä ýardam ediji we oňa bolan görkezmeleri giňeldiji hem-de bejerginiň soňraky netijelerine oňaýly täsir ediji ähmiýeti ýüze çykarylan. Häzirki wagtda howply çişi bolan näsagyň bedenine, has takygy– keseline, ýörite topar derman serişdeleri himiýa serişdeler bilen täsir etmek ulanylýar.

Äň-ýüz töweregiňiň dürli doly esasly we geljegine uly umyt bildirýän bejergi usuly diýlip, has howply çiş kesellerinde himiýabejerginiň beýleki görnüşleri (amal usuly, şöhle bejergi) bilen utgaşdyrylyp, toplumlaýyn geçirilýän bejerginiň çäklerinde hirurgik amaldan öň taýýarlyk görnüşde, şeýle hem amaldan soňra, onuň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ulanylýar. Howply çiş keseliniň ol ýa-da beýleki görnüşinde himiýaserişdeleriň bellibir görnüşi ýa-da görnüşleri ýörite görkezmeler boýunça ulanylýar. Meselem, ýasy öýjükli kanserde – platinol, sisplatin, 5-ftorurasil, bleumisin we ş.m., melanomada reaferon, intron-A we ş.m., osteo we retikulosarkomalarda – doksorubisin, sisplatin, siklofosfan, winkristin we ş.m. himiýa serişdeler ulanylýar.

Äň-ýüz töwereginiň howply çiş kesellerinde himiýa bejerginiň aşakdaky usullary ulanylýar:

- damar içre sanjymlar (wena we arteriýa içre);
- ýerli dokuma içre sanjymlar;
- boşluk içre goýberilmegi;
- iýmit siňdiriş ulgamy boýunça;
- ýerli melhem çalgysy görnüşde.

Bejerginiň islendik usulynyň öňünden agyz boşlugynyň düýpli sagdynlaşdyrylmasy geçirilýär. Çäreler çişiň gaýtalanmagynyň ýa-da daşgyn synalara ýaýramagynyň ir ýüze çykarylmagyna gönükdirilendir. Agyz boşlugyny sagdynlaşdyrýarlar eger-de diş sogrulsa, onda diş öýjügi tikilmelidir.

Saglyk dikeldiş çäreleriniň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin näsaglaryň yzygiderli gözegçilikde bolmagynyň uly ähmiýeti bar.

Amaldan öňünçä geçirilýän şöhle bejergisinden soňra ýüze çykýan deriniň we nemli bardanyň çişme hadysasyny bejermek wagt ýitirmezlik, öz wagtynda toplumlaýyn bejerginiň 2-nji tapgyryny – amalyň geçirmekligine ýol berýär we bu näsagyň ömrüniň geljeginiň çaklamasyny oňatlaşdyrýar.

Bejergi geçirilenden soňraky döwürde saglygyň dikeldiş çäreleri çiş keselli näsaglaryň bejergisiniň we yzygiderli gözegçiliginiň amatlylygy üçin olary çiş keseliniň bejergi toparlaryna bölmek amatlydyr (*2-nji tablisa*. Çiş keseli bolan näsagy alyp barmagyň taslamasy).

I topara keseliniň düşnüksiz geçişi bolan ähli näsaglar, emma howply çişiň bolmagyna müňkür bolunýanlar I *a* topara, şeýle hem çiş öňýany keseli bolan näsaglar I *b* topara degişli.

Gutarnykly barlanylandan we kesel kesgitlemesi goýlandan soňra I *a* toparyň näsaglary onkologik hasapdan çykarylýar ýa-da beýleki toparlara geçirilýär. I *b* toparyň näsaglary gözegçilik hasabyna alynýar we olar babatda degişli bejergi we gözegçilik amala aşyrylýar. Kesel bejeriş edaralarynda bu näsaglara «Sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartasy» (F. №030/h) doldurylýar. Haçanda raga geçmäge ýokary derejeli ukyby bolan howply çiş öňýany keseli ýa-da howply çişi bolan I *b* toparyň näsaglary ýöriteleşdirilen çiş keseller hassahanasyna bejergä gelenlerinde, olaryň hasabaty «Sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartasy» (№030/6/y) boýunça amala aşyrylýar.

II topara ýörite we düýpli bejergini talap edýän, howply çişi bolan näsaglar degişli. Näsaglaryň bu toparyna «Ömründe ilkinji gezek howply täze döreme keseli kesgitlenilen näsag barada habarnama» (№090/h) doldurylýar. Habarnama doldurylandan soňra üç günüň dowamynda etrabyň ilatyna hyzmat edýän degişli çiş keseller bejeriş edarasyna ugradylýar. Ol bejeriş edarasynyň ähli lukmanlary tarapyndan doldurylýar.

*2-nji tablisa*

**Giş keseli bolan näsaglary alyp barmagyň taslamasy**

| **Näsag toparlary** | **I topar:** **I a topar** | **I topar:** **I b topar** | **II topar** | **III topar** | **IV topar** |
|---|---|---|---|---|---|
| **Esasy resminamalary** | Gatnaw bejergi alýan näsagyň kartasy (025–112/h) ýa-da stomatologiki näsagyň lukmançylyk kartasy (043/h). Saglyk öýüne, Stomatologiýa merkezine ýüz tutup gelen näsaglaryň hemme toparlaryna doldurylýar | Sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartasy (030–6/h onko) ýa-da (030/h). | Ömründe ilkinji gezek howply täze döreme keseli kesgitlenen häsag hakynda habarnama (090–1/h). Sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartasy (030–6/h onko) ýa-da (030/h). Ýatymlaýyn ýa-da gatnaw şertlerinde bejergi alýan näsagyň lukmançylyk kartasyndan göçürme (027/h) | Sagaldyş gözegçiliginiň barlag kartasy (030–6/h onko) ýa-da (030-1/h) | Näsagda howply täze döremäniň ötüşen görnüşiniň ýüze çykarylandygy hakyndaky (IV topar) beýanname (027–2/h) |
| **Bejergi** | Degişli hünärmenleriň bejergisi | Hirurgik, adaty şöhle görnüşde | Şöhle, hirurgik himiýabejergi, toplumlaýyn görnüşde | | Kesel alamatlaryna garşy ýüzleý |
| **Yzygiderli gözegçiligiň möhletleri** | 7–10 günüň dowamynda | Birinji ýyly 3 aýdan 1 gezek barlanylmaga degişli. Gaýtalanma bolmaga gözegçilikden aýrylýar | | Howpsuz çişlerde birinji ýyly ýylda 2 gezek, soňra ýylda 1 gezek 2-3 ýyl dowamynda; howply çişlerde birinji ýyly 3 aýdan 1 gezek, ikinji ýyly ýarym ýylda 1 gezek, soňraky ýyllar 1 gezek 5 ýylyň dowamynda; hasapdan aýyrmaýarlar. Gözegçilik bejergi geçiren edara tarapyndan hem hökman geçirilmelidir | Onkolog-lukmanyň gatnaşmagynda maşgala lukmanyň gözegçiligi |

Äň-ýüz töwereginiň howply çişi bolan näsaglar ýöriteleşdirilen kelle we boýun çişler bölümleri bolan çiş keseller hassahanalarda gözegçilikde bolýarlar we bejergi alýarlar. Onkostomatologik näsaglara kömek bermegiň şeýle görnüşi has kabul ederliklidir. Emma beýle bejeriş edaralarynyň ýetmezçiliginde äň-ýüz töwereginiň howply çişi bolan näsaglar utgaşdyrylan we toplumlaýyn bejergi geçirmek üçin mümkinçiligi bolan hirurgik stomatologik bölümlerde bejerilip bilner.

Ýüzdäki dikeldiş amallar, eger-de olar çişi kesip aýyrmak bilen bir wagtda geçirilmedik bolsa, onda olary çiş ösmeýän, gaýtalanmasy we daşgyn synalara ýaýramasy ýok bolan ýagdaýynda esasy amaldan azyndan bir ýyl geçenden soňra amala aşyrýarlar.

Çiş keselli näsag bejerilenden soňra «Ýatymlaýyn bejergi alan näsagyň lukmançylyk kartasyndan göçürme» (№027-1/h) doldurylýar. Beýle näsag III topara geçirilýär.

III topara utgaşdyrylan bejergi alan we hakykat ýüzünde sagaldylan näsaglar degişli. Beýle näsaglar yzygiderli we wagtal-wagtal onkostomatolog ýa-da onkolog tarapyndan barlanylyp durulmaly: bejergiden soňra birinji ýyl – her üç aýdan, ikinji ýyl – her ýarym ýyldan, soňra ýylda bir gezek (jemi bäş ýyl boýunça).

Eger çiş gaýtadan dörese, düýpli bejergi mümkin bolanynda näsagy II topara geçirýärler we bejergä ugradýarlar, daşgyn synalara ýaýramasy dörän ýagdaýynda we düýpli bejergi görkezilen däl bolsa IV topara geçirýärler.

IV topara howply çişi aňrybaş derejeli bolan, ýüzleý we kesel alamatlaryna garşy bejergi geçirilmeli hemme näsaglar degişli edilýär. Eger beýle näsag onuň ilkinji gezek ýüz tutanynda ýüze çykarylan bolsa, onda «Näsagda howply täze döremäniň ötüşen görnüşiniň ýüze çykarylandygy hakyndaky (IV bejergi topar) beýannama» (№027-2/h) doldurylýar.

Howply çişi bolan näsaglaryň yzygiderli gözegçiligi Saglyk öýüniň onkolog-lukmany we maşgala lukmany tarapyndan alnyp barylýar.

# XIII BAP YÜZÜŇ WE ÄŇLERIŇ DIKELDIŞ HIRURGIÝASY

Ýüzüň işjeňliginiň bozulmagy, aýratyn hem onuň kemtikleri (defektleri) adamzady gadym zamanlardan bäri gyzyklandyrypdyr. Şu sebäpli hem ýüzüň dikeldiş hirurgiýasynyň başlangyçlary asyrlaryň jümmüşine gidýär. Ebers papirusynda Gadymy Müsürde (takmynan, b.e. 3000 ýyl öň) burun plastikasynyň ulanylandygy baradaky maglumatlar bar.

Ýüzüň doga ýa-da soňra dörän (keseller we şikesler netijesinde) kemtikleri we gyşarmalary dikeldiş amallaryny geçirmeklige görkezme bolup durýar we bedeniň gurluşynyň kemçiligini, synalaryň bozulan işjeňligini dikeltmekligi öňünde maksat edip goýýar.

Äň-ýüz töwereginde bar bolan milli, jynsy we ýaş aýratynlyklary esasynda ýüze çykýan üýtgemeleri (tüňňi burun, çöwrülip duran galyň dodaklar, ýüzüň gasynlary we ş.m.) düzetmek boýunça (owadanlyk maksatly) geçirilýän amal bejergisi estetiki hirurgiýadyr.

Ýüzüň dikeldiş amallaryndan öňünçä agyz boşlugynyň sagdynlaşdyrmasy geçirilýär, emele getiriji we berkidiji enjamlary we gurnamalary ýasaýarlar.

Häzirki wagtda ýüzüň we äňleriň dikeldiş hirurgiýasyndaky dürli usullar lukmançylyga giňden ornaşdyrylan. Äň-ýüz töweregiň synalaryny (dokumalaryny) dikeltmek üçin: a) ýerli dokumalar bilen plastika; b) aýaklyja kesim bölegi bilen plastika, ç) Filatowyň baldak şekilli kesim bölegi bilen plastika; d) dokumalary erkin geçirip amala aşyrylýan plastika görnüşlerini (deri, kekirdewük, süňk), şeýle hem biologik däl maddalary (implantlary) ulanyp geçirilýän plastikany – implantasiýany ulanylýar.

Geçirilýän dokumanyň gelip çykyşy boýunça plastikanyň aşakdaky birnäçe usullary bar:

1. Autoplastika – näsagyň öz bedeniniň dokumalaryny ulanmak;
2. Alloplastika – başga adamyň dokumalaryny ulanmak;
3. Singen ýa-da izogen material bilen plastika – näsagyň ekiz taýynyň bedeniniň dokumalaryny ulanmak;
4. Ksenoplastika – haýwan dokumalaryny ulanmak;
5. Implant plastika ýa-da implantasiýa – biologik däl maddalaryň (implantlaryň, metal, sintetiki kauçuk we ş.m.) ulanylmagy.

## 13.1. DIKELDIŞ AMALLARYNY MEÝILLEŞDIRMEK

Ýüzüň, äňleriň we agyz synalarynyň kemtikleri we gyşarmalary agyr çişme we başly-çüýreme keseller, ýokanç keseller (garahassa, ulgamlaýyn deri gyzylgurt keseli, deri peşehordasy), şikesler, şeýle hem dürli çiş keseller boýunça geçirilen

amallar netijesinde döreýär ýa-da doga şikesler netijesinde ýüze çykýar. Dikeldiş amallar berk lukmançylyk görkezmeler we öňünçä düzülen meýilnama boýunça berjaý edilmelidir.

Dikeldiş amallara bolan görkezmeler, plastikanyň usulyny, ýerli ýa-da umumy agyrysyzlandyrmany saýlap almak, kemtigiň we gyşarmanyň häsiýetine we ölçeglerine, näsagyň bedeniniň özbaşdak aýratynlyklaryna, onuň ýaşyna we ýaşaýşy üpjün edýän ulgamlarynyň işjeňligine bagly bolup durýar.

Ruhy keseller, inçekeseliň açyk görnüşleri, merezýeliň täzelikde dörän, entek bejerilmedik görnüşleri, gan keselleri, howply çişler, AIW keseli bilen kesellän näsaglaryň äň-ýüz töwereginiň kemtiklerini we gyşarmalaryny amal arkaly düzetmek garşy görkezilendir. Lukman näsagyň ruhy ýagdaýyna baha bermelidir we käbir ýagdaýlarda ol newropatologyň, psihonewrologyň we hatda psihiatryň kömegi bilen amala aşyrylýar. Ikilenç immun ýetmezçilik ýagdaýy ýa-da keseli ýüze çykarylanda, näsag bejergi arkaly amala taýýarlanylan bolmalydyr. Amaly geçirmekligiň wajyp şertleri aşakdakylardyr:

1) kemtigiň we gyşarmanyň häsiýetini içgin öwrenmek. Munda kemtigiň ýerleşýän ýerini, görnüşini we ölçeglerini (uzynlygyna, inine we çuňlugyna) göz öňünde tutmaly we haýsy dokumalaryň ýetmeýänligini ýa-da zeperlenip ýok bolandygyny bilmeli. Zeperlenmäniň derňewi we amalyň meýilnamasynyň düzülmegi hirurgyň meseläni üç ölçegde, ýagny dikeldilýän synanyň şekilini we ölçegini göwrümleýin göz öňüne getirip, çözüp bilmek başarnygy bilen baglanyşyklydyr. Munuň üçin dürli synalaryň özara gatnaşyklary baradaky maglumatlary bilmeli we olary göz öňünde tutmaly;

2) dürli amal usullaryny bilmek;

3) oýlanyşykly oňat meýilnamany düzmek.

Plastiki amallary meýilleşdirmek amal bejergisiniň has oňaýly maksadalaýyk ýoluny saýlap almaga, synanyň gurluşyny, işjeňligini dikeltmäge we owadanlyk netijesini gazanmaga gönükdirilen birnäçe çäreleri öz içine alýar. Munuň üçin aşakdaky talaplar bildirilýär: 1) amallaryň az sany (tapgyry); 2) plastiki dokumanyň az sarp edilmegi; 3) näsag üçin az biynjalyklaryň döredilmegi; 4) doly sagaldyş bejergisiniň gysga möhleti.

Dikeldiş amallar, köplenç, köp tapgyrly bolýar. Geçirilýän her bir indiki tapgyr ozalky tapgyrdaky amalyň dowamy bolup gitmelidir. Bejerginiň meýilnamasy düzülende, ilkinji nobatda, haýsy plastiki dokumanyň we näçe mukdarda gerekdigini, plastikanyň haýsy görnüşiniň ýa-da olaryň utgaşygynyň has maksadalaýykdygyny çözmeli we köptapgyrly bejergide takyk amal usulyny we olaryň tertibini saýlap almaly.

Dogry meýilnama düzmek üçin, lukman ýüzüň gurluşynyň esasy aýratynlyklaryny bilmelidir (*224-nji surat*) we onuň ýetmeýän ýerleriniň şekilini çekmegi başarmalydyr. Antropometriýany bilmelidir we bu aýratyn hem ýüzüň synalary tutuş dikeldilende wajypdyr.




*224-nji surat.* Adam ýüzüniň gurluşynyň esasy ölçeg görkezijileri (nokatlary):
Taslama. 1 – maňlaýda saç gyrasynda; 2 – maňlaýyň orta nokady; 3 – seňrigüsti nokat; 4 – burnuň düýbi (seňrik); 5 – burun arkasynyň ortasy; 6 – burun ujy; 7 – burnuň öň tarap süňk ujy; 8 – ýokarky dodagyň gyrasy; 9 – aşaky dodagyň gyrasy; 10 – dodak – eňek ýygyrdy boýunça nokat; 11 – eňegiň has güberip duran ýeri

Amallary meýilleşdirenlerinde ýüzüň fotosuratlaryny, keşplerini, gaty nusgalaryny, çekilen suratlaryny taýýarlaýarlar.

Şeýlelik bilen, dikeldiş amallaryň dogry meýilleşdirilmegi amal bejergisiniň üstünlikli bolmagynyň esasydyr we olaryň netijeliligi dikeldilen synanyň gurluşynyň görnüşi, işjeňligi we ýüze kybapdaş gelşikliligi bilen baha berilýär.

Äň-ýüz töweregiň şekilini we işjeňligini dikeltmek örän kyn meseledir. Hatda amal meýilleşdirilendäki ýa-da onuň ýerine ýetirilendäki hirurg tarapyndan goýberilen düýpli bolmadyk ýalňyşlyklar hem şowsuzlyga getirip biler. Şu sebäpli hem äň-ýüz töweregiň dikeldiş amallaryna diňe hirurgik stomatologiýa boýunça ýörite taýýarlyk geçen hirurglar goýberilip bilner.

## 13.2. ÝERLI DOKUMALAR BILEN PLASTIKA

Ýerli plastika kemtigiň gapdalyndan alnan dokumalar bilen geçirilen amallar degişlidir. Ýerli plastikanyň üç görnüşi bar: 1) kesip aýyrmak we golaýlatmak (*225-nji a, b, ç suratlar*); 2) garşylyklaýyn ýerleri çalşyrylýan dürli görnüşli kesim bölekler bilen plastika (*226-njy a, b, ç, 227-nji suratlar*); 3) kesmek we giňeltmek (*228-nji surat*). Ýerli plastikanyň iň ýönekeý görnüşi üýtgän dokumalar (çişler, bertikler) kesilip aýrylandan soňra ýaranyň gyralaryny golaýlatmak bolup durýar. Ýara gyralarynyň dartylmasyny gowşatmak üçin derini ýa-da nemli bardany aşagynyň ýagly gatlagy bilen bilelikde goparýarlar. Ýüzüň derisinde owadanlyk talaplary sebäpli ýeňlediji goşmaça kesimleri geçirmeýärler. Deridäki has uly ýetmezçilikleri (kemtikleri) ýasy düýbi bolan kesim bölekleri süýşürmek we typdyrmak arkaly düzedip bolar. Deriniň islendik ýetmezçiligi onuň şekiline baglylykda haýsy-da bolsa bir geometriýa görnüşleri ýatladýar (üçburçluk, dörtburçluk, romb, ellips). Bu ýetmezçilikler (kemtikler) Ý.K. Şimanowskiniň «Adam bedeniniň üstündäki amallar» (1865) atly saldamly işindäki taslamalar esasynda düzedilip bilner (*229-njy a, b, ç, d suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*225-nji a, b, ç suratlar.* Kesip aýyrmak we golaýlatmak (burun-dodak ýygyrdy boýunça ýerleşen howpsuz çişi kesip aýyrmak we ýarany tikmek):
*a* – amalyň taslamasy; *b, ç* – näsagyň amaldan öň we soň suratlary



*a)* *b)* *ç)*

*226-njy a, b, ç suratlar.* Limberg boýunça garşylyklaýyn ýerleri çalşyrylýan simmetrik üçburç kesim bölekleriň nusgalary:
*a* – kesim bölekleriň ilki ýagdaýy; *b* – garşylykly üçburç kesim bölekleriň ýerleriniň çalşyrylyşy; *ç* – çalşylyp geçirilen üçburç kesim bölekleriň ýagdaýlary. Beýikligiň uzalmagy we ininiň gysgalmagy bolup geçýär

Bertik gyşarmalaryny, deriniň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň ýetmezçiliklerini (kemtikleri) düzetmek üçin, köplenç, A.A. Limberg tarapyndan işlenip teklip edilen garşylyklaýyn ýerleri çalşyrylýan üçburç kesim bölekler bilen plastikany ulanýarlar. Garşylyklaýyn üçburç kesim bölekleri derini (nemli bardany) üç ýerinden kesmek bilen emele getirýärler: çekip duran bertigiň ugry boýunça bir orta we onuň iki çeti boýunça garşylykly ugurlar boýunça iki sany gytak kesimler geçirilýär. Deriniň kesilmegi deň uzynlykda bolmalydyr. Diňe şeýle ýagdaýda kesim bölekler deňtaraply üçburçluk görnüşini alýarlar (*226-njy sur. ser.*). Üçburç kesim bölekleriň



*227-nji surat.* Agzyň burçunyň gyşarmasyny Limberg boýunça simmetrik däl üçburç kesim bölekleri çalşyryp düzetmek



*228-nji surat.* Kesmek we giňeltmek (baldak şekilli kesim bölegi geçirileninde, onuň aýajygyny tikmek üçin ýer döretmek)




*229-njy a, b, ç, d suratlar.* Şimanowskiý boýunça deri ýetmezçiliklerini ýapmaklygyň taslamasy:
*a* – üçburç görnüşli kemtik iki sany ýarymaý şekilli kesim bilen düzedilýär;
*b* – deriniň iki ýerinden kesip dörtburç kesim bölegi döredilýär we onuň bilen gönüburçluk görnüşli kemtigi ýapýarlar; *ç* – taraplary deň gönüburçluk görnüşli kemtik iki sany garşylyklaýyn kesim bölegi bilen düzedilýär;
*d* – tegelek kemtigi soňra düzetmek üçin üçburç we dörtburç kemtige öwürmek

ýerleriniň çalşyrylmagy netijesinde dokumalaryň uzalmagy we gysgalmagy bolup geçýär. Beýle ýagdaýda ýeri üýtgedilip çalşyrylýan kesim böleginiň burçy näçe uly bolsa, ortada ýerleşen kesimiň ugry boýunça şonça-da dokuma artykmaçlygy döreýär. Dokuma artykmaçlygyny öňünden bilmek we meýilleşdirmek üçin A. A. Limberg dik ugur boýunça uzaltmagyň hasaplama bahalar tablisasyny teklip edipdir (*3-nji tablisa*).

Eger-de haýsy-da bolsa bir tarapa dokuma artykmaçlygyny almaklyk islenilse, onda biri-birine deň däl geometrik şekilleri döredýärler. Beýle usuly ýüzüň käbir synalarynyň ýerinden süýşen burçlaryny we gyralaryny (dodaklar, burnuň ganatlary, gabaklar) düzetmek üçin ulanýarlar (*227-nji sur. ser.*). Garşylyklaýyn üçburç kesim bölekleri çalşyrylanda ýaranyň gyralary hem çalşylýanlygy sebäpli, üýtgän dokumalary kesip aýryp ýa-da saklap galyp, bertikli gyrany ýaranyň sagdyn gyrasy bilen tikip bolýar we bu ýaranyň bitmegini has-da oňatlaşdyrýar.

*3-nji tablisa*

**Garşylyklaýyn üçburç kesim bölekleri çalşyrylanda, gazanylýan uzalmanyň hasaplama bahalary**

| | 30° | 45° | 60° | 75° | 90° |
|---|---|---|---|---|---|
| 30° | 1,24 | 1,34 | 1,45 | 1,47 | 1,50 |
| 45° | 1,34 | 1,47 | 2,59 | 1,67 | 1,73 |
| 60° | 1,42 | 1,59 | 1,73 | 1,85 | 1,93 |
| 75° | 1,47 | 1,67 | 1,87 | 1,99 | 2,10 |
| 90° | 1,5 | 1,73 | 1,93 | 2,10 | 2,24 |



*a)* *b)* *ç)*

*230-njy a, b, ç suratlar.* Gulak ysyrgalygynyň doga doly däl kemtiginiň ýerli dokumalar bilen dikeldilişi:
*a* – sagdyn gulak; *b* – kemtikli gulak; *ç* – amaldan soňky görnüşi

Garşylyklaýyn ýerleri çalşyrylýan üçburç kesim bölekleriniň bu wajyp artykmaçlygy doly däl ýara deşiklerini, kekirdek deşigini ýapmak üçin ulanylýar. Uly bertiklerde birnäçe garşylyklaýyn ýerleri çalşyrylýan üçburç kesim böleklerini döretmek gerek bolýar.

Döredilýän kesim bölekleri goşalanyp ýüzüň kemtikleri we gyşarmalary hem düzedilip bilner. Hususan-da, gulak ysyrgalygynyň doly däl kemtigini goşalanan «pişme» şekilli iki sany kesim bölegi bilen dikeldip bolýar (Annaberdiýew S. D., 2005) (*230-njy a, b, ç suratlar*).

## 13.3. AÝAKLYJA KESIM BÖLEGI BILEN PLASTIKA

Has ulurak ýetmezçilikleri (kemtikleri) ýapmak üçin kemtigiň golaýynda döredilen aýaklyja kesim bölegini ulanýarlar. Şeýle hem haçanda kemtigiň daş-töwereginiň dokumalary ýerli plastika usullaryny, erkin geçirilen deri kesim bölegini ulanmaga ýol bermeýän bolsa, onda kemtigiň gapdalynda ýa-da bellibir daşlygynda ýerleşýän dokumalarda döredilen aýaklyja kesim bölegi bilen plastikany ulanmak

bolar. Bu usul, adatça, iki tapgyrda geçirilýär. Kesim böleklerini ýüzüň gan üpjünçiligini, şeýle hem ýygyrtlaryň we gasynlaryň ýerleşişlerini göz öňünde tutup döredýärler. Uzynlygynyň inine bolan gatnaşygy 3:1 bolup biler. Deri kesim bölegini bir gat boýunça döredýärler, onda-da aýajygynyň düýbünde onuň galyňlygy tutuş kesim böleginiň dowamy boýunça galyňlygyndan ýuka bolmaly däldir. Kesim bölegini deri ýetmezçiliginiň gyralaryna hiç bir dartylmasyz ýagdaýda tikýärler, sebäbi dartylyp duran ýagdaýynda kesim böleginiň gan aýlanyşygy bozulyp biler.

Aýaklyja kesim bölekleriniň birnäçe görnüşleri bar:

**1) bir aýaklyja kesim bölegi.** Bu aýaklyja kesim böleginiň görnüşi 3:1 gatnaşykda döredilýär, ýagny onuň uzynlygy ininden üç esseden köp bolmaly däldir. Bu kesim bölegi, köplenç, burun-dodak ýygyrdy boýunça döredilip, burnuň üç böleginiň we ganatynyň kemtiklerinde ulanýarlar. Kesim böleginiň aýajygy ortaça 16-21 günden soňra kesilýär we amalyň II tapgyry geçirilýär (*231-nji surat*).



*231-nji surat.* Burun-dodak ýygyrdy boýunça döredilen bir aýaklyja kesim bölegi bilen burnuň uç böleginiň kemtiginiň plastikasy

**2) agdarylýan aýaklyja kesim bölegi.** Bu kesim böleginiň aýajygy kemtigiň gyrasynda ýerleşýär we ony kemtigiň içine tarap 180º agdarýarlar. Ony ýaňagyň aňyrsyna geçýän kemtiginde, burnuň we kentlewügiň kemtiklerinde içki örtügi döretmek üçin ulanýarlar (*232-nji surat*).

**3) iki aýaklyja kesim bölegi.** Iki sany deň aýaklyja kesim bölegine köpri görnüşli kesim bölegi hem diýip at berýärler. Eňegasty töwereginiň dokumalaryndan aşaky dodak döredilende, kelle depesi boýunça geçýän kesim bölegi ýokarky, aşaky dodaklar we eňek döredilende ulanylýar (*233-nji surat*).

**4) goşalanan aýaklyja kesim bölegi.** Eliň442 egin böleginiň iç ýüzünde döredilen aýaklyja kesim bölegi döşde döredilen kesim bölegi bilen goşalanýar (ýa-da tersine), soňra bolsa aňyrsyna geçýän kemtikler düzedilende (ýaňakda, dodakda we ş.m. ýerlerde) ulanylýar we adatça, amal üç tapgyrda geçirilýär (*234-nji surat*).

**5) arteriýaly aýaklyja kesim bölegi.** Bu kesim bölegi bir gat dokuma derejesinde döredilýär we onuň içi boýunça kesim bölegini gan bilen üpjün edýän damar ýerleşýär (burç, çekge, ýeňse, dodak arteriýasy). Mysal edip ýokarky dodagyň Abbe boýunça plastikasyny getirip bolar. Kesim bölegi munuň ýaly edilip döredilende 1:4 gatnaşykda hem alnyp bilner (*235-nji, 244-nji suratlar*).



*232-nji surat.* Ýaňak kemtiginiň gyralarynda döredilýän agdarylýan aýaklyja kesim bölekleri



*233-nji surat.* Lapçinskiý boýunça eňegasty töwerekde döredilen iki aýaklyja (köpri görnüşli) kesim bölegi bilen dodagyň bertikli gyşarmasyny düzetmek



*234-nji surat.* Klapp (a) we Rauer (b) boýunça goşalanan aýaklyja kesim bölekleriniň döredilişi



*235-nji surat.* Aşaky dodakda Abbe boýunça döredilen arteriýaly aýaklyja kesim bölegi bilen ýokarky dodagyň plastikasy



*236-njy surat.* Gizlenen damar aýaklyja (çekge arteriýaly) kesim bölegi bilen aşaky gabagyň plastikasy

**6) gizlenen damar aýajykly kesim bölegi.** Geçirilmekçi bolunýan kesim bölegine şol ýeri gan bilen üpjün edýän damary oňa aýajyk edip alynýar hem-de derasty boýunça gizläp ýerleşdirilip kesim bölegini kemtige geçirýärler. Mysal edip, göz gaşynyň çekge töwereginden kesim bölegi bilen dikeldiliş amalyny getirip bolar.

Gizlin damar aýajykly kesim bölegi bilen plastika usuly ýokarda sanalan usullardan tapawutlylykda bir tapgyrda geçirilýär (*236-njy surat*).

## 13.4. FILATOWYŇ BALDAK ŞEKILLI KESIM BÖLEGINI ULANMAK ARKALY ÝÜZDE GEÇIRILÝÄN DIKELDIŞ AMALLARY

1916-njy ýylda W.P. Filatow ýüzüň kemtigini düzetmek üçin plastiki hirurgiýanyň özboluşly usulyny – ýagly gatlak bilen bilelikde turbajyk görnüşinde düýrülen derini geçirmegi teklip edipdir. Kemtigiň ýanynda bu «turbajyk» zolak görnüşinde ýazylýar we ýüzüň ýitirilen bölegi dikeldilýär. W.P. Filatow ilkinji gezek gabagy dikeltmek maksady bilen, deri bölegini geçirmek üçin boýunda baldak (deri turbajygyny) döredipdir. Ulanan usuly barada onuň özi şeýle ýazýar: «Men boýnuň sag tarapynda, emzik şekilli ösüntgiden ýaýjygyň döş çetine çenli döş-ýaýjyk-emzik şekilli muskulyň ugry boýunça ýod ergini bilen deriniň ýasy zolagyny (5 *sm)* belledim. Onuň gyralary boýunça adrenalin garylan nowokainiň 1%-li ergini sanjyldy. Kömekçi iki eli bilen deri zolagyny ýygyrt görnüşinde saklap durdy, men bolsa ýygyrdyň düýbi boýunça keseligine iki iňňe bilen ýogyn sapaklar geçirdim we olary daňyşdyrdym. Kömekçi ellerini ýuwaş-ýuwaşdan süýşürdi we soňuna çenli jemläp alanymyzda 8 tikin bilen berkidip çykanymdan soň, ony saklamanyňda hem eýýäm ýygyrt ýazylmaýardy. Ýygyrdyň bir tarapyndan (içkisinden) men tikinleriň öňünden ýygyrdyň başyndan soňuna çenli derini kesdim, soňra bolsa ýygyrdyň ýokarky gyrasynda beýleki (daşky) tarapy boýunça onuň derisini kesdim we päkiniň syhalaýan hereketleri bilen onuň döşdäki çetine çenli tikinleriň öňünden geçip, ýygyrdy boýundan boşatdym. Şeýlelik bilen, ýokarda emzik şekilli ösüntginiň ýanynda we aşakda döşüň ýanynda boýun bilen baglanyşykda bolan deri zolagy (derasty ýag gatlagy bilen) emele geldi. Boýnuň uzyn ýarasy öňünçä geçirilen tikinler sebäpli açylman diýen ýaly galdy. Boýnuň deri ýarasynyň gyralaryna ykjam tikinler goýlup birleşdirilen. Deri zolagy özüniň tutuş uzynlygy boýunça togalak çekip duran gasyna, onuň gyralary biri-biri bilen tikmeklik arkaly «baldaga» öwrülen» (*237-nji surat*).



*237-nji surat.* Filatowyň boýunda döreden baldak şekilli kesim bölegi

Filatowyň baldak şekilli kesim bölegini ýüzde aşakdaky ýagdaýlarda ulanýarlar: ýerli dokumalary; aýaklyja kesim böleklerini we erkin geçirilen deri kesim böleklerini ulanyp; dikeldiş amallary geçirip bolmaýan uly kemtikleri we ýumşak dokumalaryň gyşarmalary; ýüzüň aňyrsyna geçýän kemtiklerinde; haçanda daşky deri örtükleri we agyz boşlugynyň nemli bardasyny dikeltmek göz öňünde tutulanynda; burnuň, gulak ýelkenleriniň tutuş we tutuş däl kemtikleri; kentlewügiň uly kemtikleri.

Filatowyň baldak şekilli kesim böleginiň kömegi bilen geçirilýän dikeldiş amallaryny üç topara bölýärler: taýýarlaýyş; dolduryş we timarlaýyş. Taýýarlaýyş amallara baldak şekilli kesim bölegini döretmek we ony kemtige geçirmek boýunça ähli amallar degişlidir. Baldak şekilli kesim böleginiň ölçegleri kemtigiň ululygyna we häsiýetine baglydyr. Aňyrsyna geçýän kemtiklerde baldak şekilli kesim bölegini uly döredýärler. Deri zolagynyň ini 2 *sm*-den 10 *sm-e* çenli, uzynlygy 5 *sm*-den 30 *sm-e* çenli bolup biler. Emma baldak şekilli kesim böleginiň ululygy näçe bolsa-da, onuň uzynlygynyň inine bolan gatnaşygy azyndan 3:1 bolmalydyr. «Tizleşdirilen» baldak şekilli kesim bölegi döredilende, haçanda onuň bir aýajygyny şolbada geçirilýän ýere tikilende, onuň uzynlygynyň inine bolan gatnaşygy azyndan 2:1 bolmalydyr. Baldak şekilli kesim bölegini ýeterlik uzynlykda, bedeniň ýygyrt atýan ýerlerinde – egniň öň tarapynda, egniň we bilegiň öň-iç tarapynda, döşüň öň we gapdal tarapynda, pilçeden iç we aşak tarapdan arkada, garnyň derisinde we ş.m. ýerlerde döretmek bolýar (*238-nji surat*). Filatowyň baldak şekilli kesim böleginiň has çylşyrymly görnüşlerini hem döretmek bolar we 2 aýajykla derek 3 we 4 aýakly hem edip döretmek bolar. Bu ýagdaýlarda olar üç golly, dört golly ýa-da atanak şekilli baldak diýlip atlandyrylýar. Baldak şekilli kesim bölegini döretmek amalyny adrenalinsiz nowokainiň ýa-da lidokainiň 0,25%-li ergini bilen ýerli siňdirme agyrysyzlandyrma ýagdaýynda ýa-da umumy agyrysyzlandyrma bilen geçirýärler. Kesiljek ýerleri öňünçä 1 %-li göwherli ýaşylyň spirtdäki ergini bilen belleýärler. Derini ugurdaş edip, onuň ýagly gatlagyna çenli kesýärler. Deri ýygrylanyndan soňra derasty gatlagy kesýärler. Deri zolagynyň gyralarynda ýag artykmaçlygy döremez ýaly dik däl-de, içine tarap gytaklap kesýärler. Hortap adamlarda mümkin boldugyça ýagly gatlagy köp aljak bolýarlar. Deri-ýag gatlakly zolagy kesip goparanlaryndan soňra ygtybarly edip gany saklaýarlar. Deri-ýag gatlakly zolagy kütek ilgençekler bilen galdyrýarlar. Aşaky zolak alnan ýaranyň gyralary goparylyp boşadylandan soňra oňa birnäçe wagtlaýyn golaýlaşdyryjy tikinleri goýýarlar. Soňra deri kesim bölegini düýrýärler we poliamid ýa-da başga şikessiz iňňeli sapak tikinleri berk edip goýýarlar, diňe baldak şekilli kesim böleginiň aýajyklarynda tikmän goýýarlar, sebäbi ol ýerde deri dartylyp, çekilip durýar. Baldak şekilli kesim bölegi alnan ýeriň ýarasynyň wagtlaýyn tikinlerini aýryp, «düşekçe» görnüşli we düwünli ýüpek sapak tikinlere çalyşýarlar. Ýaranyň gyralary has güýcli dartylyp duran ýagdaýynda ýeňilleşdiriş kesimleri geçirýärler ýa-da deri kemtigini erkin geçirilen deri kesim bölegi bilen ýapýarlar.



*238-nji surat.* Baldak şekilli kesim bölekleriň has köp döredilýän ýerleri

Baldak şekilli kesim böleginiň aýajygynyň iç ýüzünde we baldak alnan ýaranyň çetinde deriniň dartylmasy sebäpli açyk ýara galýar we şol sebäpli, käwagt ol ýer suwjaryp durýar hem-de tikinler açylýar. Baldagyň aýajyklarynyň ýanynda goşmaça deride kesim geçirmek bilen bu gaýrüzülmeleriň öňi alnyp bilner. Onuň üçin baldagyň aýajyklarynyň ýanynda goşmaça üçburç görnüşli kesim bölekleri döredýärler we olary aýajyklaryň aşaklaryna, esasy aşaky ýara tarap süýşürip tikýärler (*239-njy surat*). Aýajyklaryň ýanynda döredilýän goşmaça kesimler we kesim bölekleriň dürlüligi bilen tapawutlanýan Filatowyň baldak şekilli kesim bölegini döretmegiň dürli lukmanlaryň adyny göterýän görnüşleri bar.

Amal tamamlanandan soňra baldagyň aşagyna birnäçe gat hasa ýaglyjaklaryny salýarlar. Baldagyň iki tarapyndan pamykdan we hasadan taýýarlanylan uly gaty zolaklary ýerleşdirýärler, soňra bolsa baldagy hem-de zolaklary hasa bilen ýapýarlar we ýelimli zolaklar bilen berkidýärler. Amaldan soňraky döwürde ýerli buzly rezin meşijek ulanmak maksadalaýykdyr. Ýerli dokumalary sowatmak amaldan soňra 5-6 günüň dowamynda, her 2-3 sagatdan 10-15 min, haçanda bildirip duran gan aýlanma bozulmalary ýüze çykan ýagdaýynda has uzagrak (9-10 güne çenli) hem ulanmak maslahat berilýär.



*239-njy surat.* Goşmaça üçburç kesim bölegini ulanmak bilen Filatowyň baldak şekilli kesim böleginiň döredilış amalynyň tapgyrlary

Gan aýlanyşyk bozulan ýagdaýynda, aýratyn-da ganyň akyp gitmegi kynlaşanda ýa-da ganingisi bilen gysylan ýagdaýynda baldak has gaty we gögümtil bolýar. Deriniň ýüzleý gatlagynyň ýüzleri gopýar, pakgarçaklar döreýär. Beýle ýagdaýda deride kiçijik kesimler geçirilýär, gan ingisini boşadýarlar we pakgarçaklary ýarýarlar. Kämahal baldakdan 1-2 tikin aýyrmaly hem bolýar.

Baldagy geçirmäge taýýarlamagy (türgenleşdirmek) amaldan 8-10 gün soňra geçiriljek aýajygyna rezin ýüp ýa-da içege gysgyjy goýup başlaýarlar. Başda aýajygy 5 *min*, soňra 10 *min* gysýarlar. Eger-de bir sagat gysylandan soňra baldak reňkini we gyzgynlygyny kadaly saklasa, onda onuň aýajygy kesilip we geçirilip bilner. Käbir alym lukmanlar baldagyň «türgenleşigini» geçirmeýärler, olaryň pikiriçe bu çäreler baldagyň gaýrüzülmeleriniň öňüni almaýar. Baldakda gan aýlanyş, adatça, 16-20 günden soň dikelýär. Bu wagtdan soňra onuň geçirilmegini amala aşyrmak bolar. Ýaramsyz şertlerde, aýratyn-da deri inçekeselinden soňra dörän kemtikler düzedilen ýagdaýlarynda, baldagy geçirmegiň möhletini 30-40 güne çenli uzaltmak maksadalaýykdyr. Baldak kemtik ýerine «gurçuk hereketi» bilen geçirilip bilner, emma munuň üçin köp wagt gerek bolýar. Köplenç ýagdaýlarda, kemtikden daşda ýerleşen beden ýerlerindäki baldagy geçirmegi el arkaly amala aşyrýarlar. Baldagy penjäniň arkasyna (I we II aýa süňkleriň arasyna) ýa-da bilege tikmek üçin ýarymaý kesimler geçirýärler. Baldagyň ujunda deri zolagyny kesip aýyrýarlar. Açylan derasty ýag dokumany galdyrylan ýarymaý kesim böleginiň aşagyna ýerleşdirýärler we tikin goýýarlar. Baldaga rahatlyk ýagdaýyny döretmek üçin eli gips ýa-da ýumşak sargy bilen berkidýärler. Baldagyň beýleki aýajygyny geçirmegi hem ýokarda görkezilişi ýaly amala aşyrýarlar.

Baldak biteninden soňra ony ýazýarlar, kemtigi doldurýarlar hem-de ýetmeýän synany döredýärler (dolduryş amallary).

Häzirki wagtda Filatow boýunça adaty görnüşdäki baldak şekilli kesim bölegi bilen geçirilýän amallar köp tapgyrly bolansoň we köp wagt talap edýändikleri sebäpli (birnäçe aý we hatda ýyl), mümkin boldugyça onuň tizleşdirilen dürli görnüşlerini ulanýarlar (deltopektoral we ş.m. kesim bölekler).

Timarlaýyş amallara Filatowyň baldagy bilen plastika amalynyň esasy tapgyrlaryndan soňra galan gyşarmalary düzetmek boýunça geçirilýän çäreler degişlidir.

## 13.5. DOKUMALARYŇ ERKIN GEÇIRILMEGI

Hirurgik stomatologiýada ýüz süňkleriniň we ýüzüň ýumşak dokumalarynyň dürli kemtiklerini düzetmek üçin dokumalaryň erkin geçirilmegi giňden ulanylýar.

Erkin geçirmegi 5 görnüşe bölmeklik kabul edilen: 1) autogen – öz dokumalaryny; 2) singen – nesli taýdan birmeňzeş bolan bedeniň dokumalaryny; 3) allogen – şol görnüşiň başga bedeniniň dokumalaryny; 4) ksenogen – başga görnüş bedeniň dokumalaryny (haýwanlaryň dokumalaryny); 5) diri däl maddalary beden bilen birleşdirmek; eger-de olar doly dokuma içinde galýan bolsa implant diýlip at-

landyrylýar eger-de bölekleýin dokuma içinde galýan bolsa eksplantat diýip atlandyrýarlar. Bitmeklik ukyby boýunça gowusy diýlip, öz dokumalary ulanylýan plastika usuly hasap edilýär. Onuň oňat netijeliliginiň sebäbi bedenden kesilip aýrylan dokumanyň birbada ölmän, birnäçe wagtyň dowamynda ýaşaýyş ukybyny hem saklaýanlygyndadyr. Täze ýere geçirilen dokuma diňe bir diriligine galmak bilen çäklenmän, eýsem, bitýär, emma bu usuly ulanmak bellibir derejede çäklenendir, sebäbi öz dokumalary ulanylýan plastikadan alynýan dokumalaryň ätiýaçlyklary uly däl. Mundan başga-da, dokuma alnanda näsaga goşmaça şikes ýetirilýär.

Nesil taýdan birmeňzeş bolan adamlardan alnan dokumalar geçirilende, örän gowy netijeler berýär: meselem, bir ýumurtgadan bolan ekiz taýyndan.

Şol görnüşli başga bedeniň dokumalary ulanylýan plastika – bir görnüşiň bir bedenden başga bedene geçirilýän dokuma we syna plastikasy. Emma özge jynsly dokuma bolan garşylygy peseltmegiň köp usullarynyň bardygyna garamazdan, köplenç, dokuma we syna geçirilmegi dokumalaryň protein sygyşmazlygy sebäpli netijesiz tamamlanýar. Onda-da, oňat dokuma diri bedenden alnan däl-de, jesetden alnan dokuma bolup durýar.

Dokumalaryň ksenogen geçirilmegi – adam üçin haýwandan alnan dokumalar bilen plastika, häzirlikçe ýeterlik netije bermeýär. Ol, esasan, kemtigi gurşap alan dokumalaryň bitijilik ukybyna ýardam bermek üçin ulanylýar.

*Diri däl maddalary beden bilen birleşdirmek* – bu diri däl maddalar bilen plastika usuly (plastmassa, metal, uglerodly kompozitler, sintetiki kauçuk we ş.m.) bolup durýar.

Erkin geçirilen diri dokuma *transplantat*, diri däl – *implant* ýa-da *eksplantat* diýlip atlandyrylýar. Biologiýa nukdaýnazaryndan erkin geçirilen dokuma birleşip we doly bitip biler.

Eger-de geçirilen dokuma töwereginiň dokumalary bilen ysnyşykly beden baglanyşyga girýän we onda alyş-çalyş hadysalary amala aşýan bolsa, diýmek, ol doly bitipdir we ony transplantat diýip atlandyrýarlar.

Eger-de onuň diňe daşy birleşdiriji dokuma barda bilen, islendik özge jyns ýaly, daşky dünýä bilen gatnaşyksyz gurşalan bolsa, onda ol birleşipdir diýlip hasap edilýär.

Derini, derasty gatlagy, gatlagara dokuma bardasyny we bagjyklary, nemli bardany, muskuly, ketirdewügi, süňki, nerwi, damar ulgamlary we dokumalar toplumyny erkin geçirmek bolýar. Soňky 20-30 ýylyň içinde äň-ýüz töwereginiň uly we çylşyrymly kemtiklerinde mikrodamar aýajykly dokumalar toplumyny geçirmek usuly giň gerim aldy (bedeniň käbir ýerlerinde deri aşagynyň dürli galyňlykdaky dokumalary – ýag gatlak, muskullar hat-da süňk dokumalaryny şol ýeriň arteriýasy we wenasy bilen bilelikde kesip alyp, ýüzüň degişli damarlaryna hem-de dokumalaryna tikmek).

### 13.5.1. Deriniň erkin geçirilmegi

Deriniň erkin geçirilmegi plastiki hirurgiýanyň netijeli we üstünlikli usullarynyň biridir. Häzirki wagtda kesim böleginiň galyňlygyna baglylykda derini geçirmekligiň üç sany görnüşi belli.

Birinji görnüş – galyňlygy 0,4 *mm-e* çenli ýuka deri kesim bölegi (K. Tirş) ýüzleý deri gatlakdan we çuňňur deri gatlagynyň ýokarky gatyndan, öşüş gatyndan durýar. Bu gatlaklarda çeýe süýümler az. Bu kesim bölekleri aşagynyň dokumasynyň berçikleşmegi netijesinde mürüşmeklige sezewar bolýar.

Ikinji görnüş – 0,5 *mm*-den 0,7 *mm-e* çenli galyňlykdaky gatlaga bölünen deri kesim bölegi. Gatlaga bölünen deri kesim böleginde deriniň torly gatynyň çeýe süýümleriniň esli bölegi jemlenendir. Bu deri kesim bölegini dürli gurluşdaky ýörite dermatomlar peýda bolandan soňra has giňden ulanyp başladylar (Pejetiň, Kolokolsewiň, Draženiň, el bilen aýlanýan НИИЭХА и И dermatomlary we ş.m.)

Üçünji görnüş – galyňlygy 0,8 *mm*-den geçýän galyň deri kesim bölegi (Ýaşenko, Douson, Krauze).

Dürli görnüşli deri kesim bölegini ulanmagyň öz görkezmeleri bar.

Erkin deri geçirilende, olaryň galyňlygyna baglylykda kesim bölekleriniň dürli bitmeklik ukyplary ýüze çykarylan. Ýuka deri kesim bölegi gowy, galyň deri kesim bölegi bolsa erbet bitýär.

Her bir anyk ýagdaýda hirurglar haýsy görnüşi ulanmak amatlydygyny pikirlenmelidirler. Ýüzüň ýaralaryny (deri kemtiklerini) ýapmak üçin, köplenç, gatlaga bölünen deri kesim bölegini ulanýarlar. Agyz boşlugynda ulanmak üçin has amatlysy ýuka deri kesim bölegidir.

Deri plastikasy ilkinji, ikilenç görnüşde we düwür-düwür dokumalara deri geçirmek görnüşinde bolýar.

Ilkinji deri plastikasy ýiti şikesden ýa-da deriniň köp ýitgisi bilen geçýän amaldan soňraky dörän täze ýara deri kesim bölegini erkin geçirmegi göz öňünde tutýar.

Ilkinji erkin deri plastika, köplenç, utgaşdyrylan dikeldiş amallaryň bölegi bolup durýar. Ol deri plastikasynyň hemme görnüşleri bilen utgaşdyrylyp bilner.

Ikilenç erkin deri plastikasynda deri kesim bölegini dürli düwür-düwür dokumaly ýaralar kesilip arassalanandan soňra dörän ýara tekizligine geçirýärler. Düwür--düwür dokumalar doly kesilip aýrylmalydyr.

Deriniň erkin geçirilmegini, köplenç, ýanyklar bejerilende, ulanýarlar. Adatça, ýüze we boýna derini kemtigiň görnüşine we ölçegine gabat gelýän bir bütewi kesim bölegi görnüşde geçirýärler.

**Ýuka deri kesim bölekleriniň geçirilişi.** Ýuka deri kesim böleklerini almak üçin derini ýoduň güýçli ergini bilen arassalamaklygy maslahat bermeýärler, sebäbi ýod ýüzleý deri gatlagynyň ýygrylmagyna ýardam edýär. Kesim bölegini, köplenç,

buduň gapdal-öň ýüzünden ýa-da egniň iç ýüzünden alýarlar. Agyrysyzlandyrylanda alynjak kesim böleginiň çäklerinde pökgerme döredýärler (limon gabygy), soňra nowokain siňdirilen deri ýerine fiziologik ergine ezilen hasa ýaglyjaklaryny goýýarlar. Bir tarapdan çep eliniň barmaklaryny kese goýup hirurg, beýleki tarapdan kömekçiniň kömegi bilen derini dartýarlar. Ýiti kesiji guraly (päki, ýörite pyçak, adaty sakgal syrylýan päki) derä basyp saklap, kesiji hereketler bilen gerek ölçeglerdäki kesim bölegini kesip alýarlar. Ýuka kesim bölegi alnanda kesilip alnan ýeriň ýarasynda nokat-nokat görnüşinde gan damjalary döreýär. Kesim bölegini ýaranyň üstüne ýazýarlar, soňra onuň üstüne birnäçe gat hasa goýup, el bilen basyp saklaýarlar. Kesim böleginiň aşagynda ýygnanan gany aýyrýarlar we ol tutuşlygyna endigan ýaranyň ýüzüne ýazylyp ýatýar. Ýuka kesim bölegini agyz boşlugynda ýaranyň ýüzüniň ölçegleri boýunça öňünçä stens serişdeden ýasalan ýörite dyky bilen ýa-da kseroformly hasa bilen berkidýärler. Kesim bölegini seýrek ketgut sapaklaryna alýarlar, soňra tutawaç sapaklaryň kömegi bilen ýüzüni ýokaryk edip örtgi ýüzüni ýörite dyka tarap edip, gyralaryndan tikip çykýarlar. Ýörite stens «dykyny» berkidilen kesim bölegi bilen ýara goýýarlar we ýüpek sapaklar dişara dyky diregi, ýörite seýik ýa-da emeli diş gurnamasy bilen berkidýärler. Sargyny 8-10 günden aýyrýarlar. Geçirilen deri kesim bölegi wagtyndan öň ýygrylmaz ýaly, ilkinji sargy çalşyrylandan soň 2-3 hepdäniň dowamynda parafin gatlagy bilen örtülen stens-gapak ulanmak maslahat berilýär. Kesim bölegi alnan deri ýarasyny wazelin ýagy siňdirilen birnäçe gat hasa bilen örtýärler. Haçanda ýaranyň ýüzüniň bitmegi tamamlananda, 14-16 gün geçenden soň sargyny aýyrýarlar.

**Gatlaga bölünen we galyň deri kesim bölekleriniň geçirilişi.** Gatlaga bölünen deri kesim böleklerini diňe dermatomlaryň kömegi bilen alýarlar, sebäbi päki we başga kesiji gurallar bilen birmeňzeş galyňlykdaky kesim bölegini alyp bolmaýar. Dermatomlaryň kömegi bilen 0,5-0,75 *mm* galyňlykdaky deri kesim böleklerini almak bolýar.

Deri kesim böleginiň gyrasyny inçe poliamid sapaklar bilen tikip çykýarlar we olar tutawaç bolup hyzmat edýär. Kesim bölegini deri kemtiginde ýygy goýlan tikinler bilen berkidýärler, şeýle hem tutawaç edilen tikinleri hem ulanýarlar. Berkidilen kesim böleginiň üstünden wazelin ýagy siňdirilen gatma-gat hasa sargysyny goýýarlar we ony kesim böleginiň gyralaryndaky sapaklar bilen atanaklaýyn berkidýärler. Beýle ýagdaýda kesim bölegi endigan we doly basylyp durýar. 2-3 günüň dowamynda basyp duran sargyny aýyrmazdan ýerli sowatmak belleýärler. Ilkinji gezek sargyny 9-10 günden çalyşýarlar, tikinleri 10-12 günden aýyrýarlar. Kesim böleginiň alnan ýerindäki ýarany ýuka kesim bölegi alnandaky ýaly edip saraýarlar. Deriniň galan ýuka gatlagynyň hasabyna 14-18 günüň dowamynda kesim bölegi alnan ýerdäki ýaranyň doly bitmegi geçýär.

Has uly bolmadyk ölçeglerdäki galyň deri kesim bölegini (5x5 *sm-e* çenli) päki arkaly el bilen alyp bolýar. Uly ölçeglerdäki galyň deri kesim bölegini dermatomyň

kömegi bilen taýýarlaýarlar. Gerekli görnüşdäki we ölçeglerdäki kesim bölegini almak üçin ýaranyň ýüzüne ýuwlan we zyýansyzlandyrylan rentgen filmini goýýarlar. Ýaranyň çäklerini 1%-li göwherli ýaşylyň spirtdäki ergini bilen çyzýarlar we onuň artykmajyny kesip aýyrýarlar. Alnan ýaranyň şekilini kesim bölegi alynjak ýeriň derisine goýýarlar we gyralary boýunça çyzyp, onuň ölçeglerini alýarlar. Bellenen çyzyk boýunça ýiti päkini deriniň ýüzüne keseligine goýup, derini tutuş galyňlygy boýunça kesip alýarlar. Kesilip alnan kesim bölegini gatlaga bölünen deri kesim bölegi ýaly edip ýaranyň gyralaryna tikip berkidýärler. Kesim bölegi alnan ýeriň ýarasyny tikýärler. Gyralary dartylyp duran ýagdaýynda, ýagly gatlagy kesýärler we gyralaryny boşadyp gowşadýarlar. Kesim bölegi alnan ýeriň ýarasynyň tikinlerini 15-16 günden aýyrýarlar (*240-njy a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*240-njy a, b suratlar.* Gözasty töwereginiň gemangiomasynyň kesilip aýrylmagy (*a*) we erkin geçirilen galyň deri kesim bölegi bilen plastikasy (*b*)

### 13.5.2. Ketirdewügiň geçirilişi

Ýüzleý, daşky sudur plastikasy ýa-da daýanç plastikasy üçin dikeldiş hirurgiýada giňden kekirdewük dokumasy ulanylýar. Adam bedeninde öz kekirdöwügini bir ýerden başga ýere geçirmeklik ilkinji gezek 1890-njy ýylda Mangoldt tarapyndan amala aşyrylypdyr. Kekirdewük oňat plastiki dokuma bolup durýar we ol onuň päki bilen aňsat işlenilip bilinýänligi üçin bolman, eýsem, aýratyn biologik ukyby bolanlygy üçindir. Keki4rdewük damarsyz dokumadyr, ol dokumalaryň siňdirijilik ukyby arkaly iýmitlenýär. Kekirdewükde alyş-çalyş hadysalary pes işjeňlikde geçýär. Özüniň ýokary ýaşaýyş ukyplylygy bilen, ol ýokanja garşy örän durnukly we ýara iriňleýän halatynda-da hemişe ölmeýär. Kekirdewügi burnuň arkasynyň eýer şekilli gyşarmasynda (*241-nji a, b suratlar*), gözhananyň aşaky gyrasynyň kemtiginde, ýüzüň sudur plastikasynda ulanýarlar.



*a)* *b)*

*241-nji a, b suratlar.* Burnuň eýer şekilli gyşarmasynyň erkin geçirilen ketirdewük bilen plastikasy: (*a*) we soň (*b*) gapdaldan görnüşleri

Köplenç, gapyrga ketirdewügini, has gowusy, VII gapyrgadan ulanýarlar, sebäbi ony almak has amatly bolýar we ölçegi boýunça has uly (8-12 *sm)*. Ilkinji gezek 1935-nji ýylda N. M. Mihelson tarapyndan teklip edilen jeset kekirdöwügini ulanmak hem oňat netijeler berýär. Jeset kekirdewüginiň pes bildirýän antigen häsiýeti bar we şol sebäpli-de seýrek eräp siňýär, bu aýratyn-da bir bütewi bölek görnüşde ulanylanynda şeýledir. Doňdurylan we howasyz şertlerde guradylan kekirdewükler birneme ýygy ereýär we siňýär.

### 13.5.3. Aşaky äňiň süňk plastikasy

Süňküň erkin geçirilmegi äňleriň, esasan-da, aşaky äňiň, plastikasy üçin amala aşyrylýar we ol birnäçe kynçylyklara sezewar bolýar. Bu kynçylyklar aşakdaky aýratynlyklar bilen baglanyşyklydyr: 1) aşaky äň iň köp hereket edýän süňk, onuň örän çylşyrymly we özboluşly hereketleri bar: ol gepleýişde, dem alyşda, çeýneýişde we ýüzüň keşp hereketlerinde bolýar; 2) onuň örän çylşyrymly hereketleri bar: aýlaw görnüşli we öňden-yza; 3) äňlerde dişler bolup, olar arkaly daşky gurşaw bilen habarlaşýarlar, şol sebäpli-de olarda kesel we zeperlenme bolanynda (şikes, çişme hadysa, çiş) amaldan soňraky ýagdaýy agyrlaşdyrýar; 4) äňiň owadanlyk ähmiýeti bar.

Geçirilýän wagtyna baglylykda ilkinji we ikilenç süňk plastikasy bar.

Ilkinji süňk plastikasy bilen ýaralanmanyň yz ýany ýa-da aşaky äň çişi kesilip aýrylyp-goýulýan wagty süňk kemtigini düzedýärler. Häzirki wagtda bu usul giň gerim aldy, sebäbi güýçli ýokanja garşy zyýansyzlandyryjy dermanlar bar we ozalkylar ýaly bu hirurglary ýaranyň agyz boşlugy bilen gysga wagtlaýyn habar-

laşma döremeginden gorkuzmaýar. Bu usul bilen süňk plastikasy geçirilende, diňe bir süňk kemtigi tiz düzedilmän, eýsem, süýşen bölekleriň bertik gyşarmalarynyň döremeginiň öňi hem alynýar.

Ikilenç süňk plastikany kemtik döränden soňra bellibir wagtdan soň amala aşyrýarlar, adatça, 6-8 aýdan ir bolmadyk möhletde.

Süňk täze ýerde kabul edilenden soňra, onda biologik täzeden guralyş we bitmek hadysalary amala aşýar, hususan-da, geçirilen süňk näçe ir işläp başlasa, hereket etse, transplantatda bitmek hadysalary has güýçli geçýär. Süňk geçirilenden 15 gün geçenden soňra süňküň eremegi başlaýar we ol ikinji aýyň soňuna çenli iň ýokary derejesine ýetýär, soňra bolsa bitmek hadysalary agdyklyk edip başlaýar. Süňk transplantaty dykyzlanýar we galňaýar.

Süňk transplantatyny almak üçin, esasan, iki ýer has oňaýly diýlip hasap edilýär: gapyrga (V, VI we VII) we ýanbaş süňküniň kekeçjigi. Gapyrgany tutuşlygyna ýa-da bölekleýin, onuň daşky gatyny goparyp alýarlar (ýeňilleşdirilen gapyrga transplantaty). Eger-de eňek töweregine egreldilen transplantat gerek bolsa, onda, gowusy, ýanbaş süňküniň kekeçjigini almak gerek. Şeýle hem ýüzüň sudur plastikasynda goýberilýän süňk ununy ýasamak üçin kelle depe süňküniň daşky gaty ulanylyp bilner (*242-nji A, B, Ç, D suratlar*).

Aşaky äň plastikasyny geçirmeklige onuň kiçi bolmagy, ok degen ýaralanma hem-de howpsuz we howply çişler boýunça äňleriň kesilip aýrylmagy netijelerinde dörän uly kemtikler görkezme bolup durýar.

Aşaky äň şowly süňk plastikasy kemtik ýeriniň kanagatlanarly ýagdaýyndaky ýumşak dokumalary bolan ýagdaýynda we süňk gyralarynyň transplantat bilen berk birleşdirilende, mümkindir. Ýeterlik bolmadyk ýumşak dokumalar süňk geçirilmezinden öň gapdalyndan alnan ýa-da başga ýerlerde döredilen baldak şekilli kesim bölegi bilen çalşyrylan bolmalydyr. Äň bölekleri agyz içre (diş sim seýikleri, kappa enjamy, Wankewiçiň seýigi), agyzdan daşary (Rudkonyň, Zbaržyň, Uwarowyň enjamlary) we utgaşykly usullar bilen berkidilen bolmalydyr. Soňky ýyllarda käbir hassahanalarda aşaky äň süňk plastikasynda metal çişler, nurbatlarda süňke berkidilýän titan kiçi plastinalar bilen süňk birleşdirme usullary ulanylýar. Berkitmek usulyny saýlap almak kemtigiň ölçeglerine, onuň ýerleşýän ýerine (iki süňk böleginiň arasynda ýa-da äňiň bir çeti), dişleriň barlygyna ýa-da ýoklugyna we olaryň ýagdaýlaryna bagly. Öz bedeninden alnanda ýanbaş süňküniň kekeçjigini ýa-da gapyrgany ulanýarlar.




*242-nji a, b, ç, d suratlar.* Aşaky äniň kemtigini gapyrgadan ýa-da ýanbaş süňküniň ganatyndan alnan süňk bölegi bilen düzetmek amalynyň taslamasy:
*A* – kemtigiň görnüşi;  1 – ýüzde geçirilen deri kesimi; 2 – äň kemtigi; *B* – gapyrga böleginiň alnyşy;
1 – süňk bardasyny kesmeklik; 2 – gapyrganyň daşky gabyk gatlagyny çapyp almak ýa-da 3 – tutuş kesilip alnan gapyrga böleginiň daşky gabyk gatlagy kesilýär; *Ç* – ýanbaş süňk böleginiň alnyşy: 1 – geçirilýän deri kesimi; 2 – ýokarky gyrasynyň kesilip alnyşy;
*D* – süňk böleginiň äňe birleşdirilişi: 1 – süňk bardasty ýer döredip, süňk bölegini goýmak;
2 – amaldan söňky ýagdaý

Ýanbaş süňküniň kekeçjiginden süňk bölegini almak üçin degişlilikde, onuň daş gapdal ýüzünde yzky çykyndydan öň tarap çykynda çenli kesim geçirýärler. Ýumşak dokumalar tutuşlygyna (buduň giň gatlagara dokuma bardasy, orta ýanbaş muskuly we garnyň daşky gytak muskuly), süňk bardasy bilen, süňkden goparylýar. Süňk bölegi alynjak çäklerinde tegelek byçgy ýa-da inçe diş gyryjy bilen daşky dykyz gatlak boýunça kesilip bellenilýär, soňra ýasy çapgyja ýuwaş çekiç urgulary bilen ony ýanbaş süňkünden goparyp alýarlar.

Aşaky äň süňk plastikasy üçin, köplenç, sag tarapyň VI, VII we VIII gapyrgasyny ulanýarlar. Deridäki kesim gerek bolan süňk dokumanyň ölçeginden 5-6 *sm* uly geçirýärler. Muskullary we süňk bardasyny ýaranyň tutuş uzynlygy boýunça kesýärler. Soňra adaty gopargyç bilen gapyrganyň daş ýüzünden ýumşak dokumalary goparýarlar, gapyrga gopargyjy bilen gapyrganyň kesilip alynjak böleginiň iç ýüzüni ýalaňaçlaýarlar. Gapyrgany ilki döş tarapdan, soňra yz tarapdan kesýärler. Eger-de gapyrganyň diňe daş ýüzi alynýan bolsa, onda tegelek byçgy bilen onuň daşky dykyz gatyny öýjükli gata çenli aşaky we ýokarky gyralary boýunça kesýärler. Soňra süňk çapgyjy bilen onuň daşky bölegini gerek ölçegde çapyp we goparyp alýarlar.

Aşaky äň süňk plastikasyny, adatça, kekirdek içre emeli dem bermek bilen bihuş ýagdaýynda amala aşyrýarlar.

Ok degen ýaralanmalardan soňra dörän süňk kemtikleri düzedilende, amalyň ilkinji tapgyry geçiriljek süňk üçin ýer döretmek bolup durýar. Süňk bölekleriniň arasyndaky bertikleri kesip aýyrýarlar. Süňk bölekleriniň gyralarynda geçiriljek süňki birleşdirmekçi bolunýan ýerlerinde üýtgän, bertikleşen ýerlerini süňküň öýjükli gatlagyna çenli süňk kertgiçleri we diş gyryjylar bilen aýyrýarlar. Ondan soňra süňk bölekleri dogry ýagdaýda berkidilýär. Agyz boşlugynyň nemli bardasyna şikes ýetende amal ýarasy we agyz boşlugy taraplardan düwünli tikinleri goýýarlar. Gerek bolan ýagdaýynda oňat biter ýaly agyz boşlugynyň ýarasynyň gyralaryny boşadýarlar, dartylmany aýyrýarlar we soňra tikýärler.

Amalyň indiki tapgyry geçirilýän süňk böleginiň alynmagy–hirurglaryň elleriniň täzeden arassalanmagyndan we amal meýdanynyň örtgi matalary çalşylandan soňra amala aşyrylýar. Amalyň jemleýji tapgyry geçirilen süňk dokumany berkitmekdir. Geçirilen süňk böleginiň berkidilişiniň iň köp ýaýran we ygtybarly usuly ony äň böleklerinde döredilen meýdançanyň üstünden goýmak bolup durýar. Bitmekligiň oňaýly netijeleri geçirilen süňk bölegi äň süňk bölekleriniň gyralarynyň iç ýüzünde ýerleşende ýüze çykarylan. Ony süňk böleklerine ýörite polat ýa-da tantal simler bilen berkidýärler. Berkligi üpjün etmek üçin äň süňk bölekleriniň gyralarynda ýörite «garlawaç guýrugy» we başga şekilli ýörite ýerleri döredýärler we ol ýerlere şonuň ýaly şekilde uçlary taýýarlanylyp geçirilýän süňk bölegini salýarlar. Amaly ýarany gatma-gat tikmek bilen tamamlaýarlar.

Aşaky äň howpsuz çişler boýunça kesilip aýrylmagy netijesinde dörän kemtiklerini düzetmegi köp ýagdaýlarda bir wagtda, äň böleginiň kesilip aýrylyp-goýulýan amaly bilen bilelikde amala aşyrylýar.

Aşaky äň kiçi bolan ýagdaýynda süňk plastikasynyň iki tapgyrly amal usuly işlenilip düzülen.

Geçirilýän süňk bölegini almak goşmaça amaly talap edýänligi we näsaga goşmaça şikes ýetirýänligi sebäpli süňk plastikasynyň bu usulyny hemişe ulanyp bolmaýar. Şeýle hem ony uly ölçeglerde alyp bolmaýar we gerek görnüşdäki transplantaty ýasap bolmaýar. Sähelçe süňk kemtigi bolan 1-2 *sm* süňk ýaralarynyň ilkinji hirurgik arassaçylygy geçirilende, emele gelen ýalan bogunda, şeýle hem zeperlenmeden soňra bitmek hadysasyny güýçlendirmek üçin aşaky äň süňk plastikasy kemtigiň gapdalyndan alnan süňk bölegi bilen geçirilip bilner. Äň aşaky gyrasy boýunça süňk bölegi kesilip alynýar we ol ýumşak dokumalardan bolan aýajykda galýar.

Aşaky äň süňk plastikasy üçin soňky ýyllarda öz bedeniniň dokumalaryndan – öz süňkünden başga-da, jeset süňki giňişleýin we şowly ulanylýar. Uly bolmadyk kemtiklerde gapyrgadan, kelleçanagyň üstüniň we but süňklerden alnan süňk bölekleri – başga bedeniň dokumasy bilen plastika üçin ilkibada doňduryp, howasyz şertlerde guradyp ýa-da formaliniň 0,25-0,5%-li erginlerinde saklap, taýýarlap ulanylýar (*243-nji surat*).



*243-nji surat.* Aşaky äňiň çep tarap bölegininiň birmeňzeş däl süňk allotransplantaty bilen plastikasy (rentgen surat)

Süňküň uly kemtiklerini dikeltmekde plastika üçin dokuma howasyz şertlerde guradylyp ýa-da formalinde saklanylyp taýýarlanylan birmeňzeş aşaky äňi (onuň bedeniniň gyra bölegi we şahasy) ulanylýar. Mundan başga-da, aşaky äň süňk plastikasynda ýörite titan ýa-da titan erginlerden ýasalan implantlar özbaşdak görnüşde, şeýle hem olary öz bedeniniň süňk dokumalary ýa-da başga bedenden alnan süňk dokuma bilen utgaşdyryp (Ser.:14.7.), uglerodly kompozitleri ulanylýar.

## 13.6. ÝÜZÜŇ ÝUMŞAK DOKUMALARYNYŇ SOŇRA DÖRÄN KEMTIKLERINI DÜZETMEK

### 13.6.1. Dodaklaryň kemtikleri

Dodaklaryň kemtikleri ýerli plastika, deri-muskul kesim bölekleri, baldak şekilli kesim bölegi, deri-muskul kesim bölegiň we baldak şekilli kesim böleginiň utgaşdyrylmagy bilen düzedilip bilner. Dodaklaryň kiçi kemtiklerinde ýaranyň gyralary kesilip täzelenýär we gatma-gat tikilýär. Bölekleýin kemtiklerde, şeýle hem dodak kiçelen we gysgalan ýagdaýlarynda Abbe boýunça amal geçirýärler. Bu usul boýunça ýokarky dodagyň kemtigi aşaky dodakdan alnan kesim bölegi bilen doldurylýar. Sagdyn dodakda deri-muskul kesim bölegini alýarlar we ony 180° aýlap, ujuny ýokaryk edip kemtige salynýar hem-de gatma-gat tikilýär. 16-20 günüň dowamynda äňleri «Aýwi» boýunça sim sargylar bilen berkidýärler. Kesim bölegi biteninden soňra, gan bilen üpjün edýän aýajygyny kesýärler we dodagy gutarnykly düzedýärler (*244-nji a, b, ç suratlar*). Şeýle hem Abbe boýunça amal ýokarky dodagyň iki taraplaýyn doga



*a)* *b)* **ç**

*244-nji a, b, ç suratlar.* Ýokarky dodagyň Abbe boýunça plastikasy:
*a* – näsagyň amaldan öň görnüşi; *b* – amalyň I tapgyryndan soň görnüş; *ç* – näsagyň amal bejergiden soň görnüşi

ýarygy boýunça ozal geçirilen amalyndan soňra dörän ikilenç gyşarmada hem görkezilendir. Ýokarky dodagyň has uly kemtiklerini Diffenbahyň usuly bilen düzedýärler. Dodagyň galan böleklerini boşatmak üçin iki sany kese, aňyrsyna geçýän kesimleri geçirýärler: ol kesimler iki tarapdan hem tutuş ýaňaga geçip gidýär. Emele gelen kesim bölekleri orta çekýärler we gatma-gat tikýärler (*245-nji surat*).



*245-nji surat.* Diffenbah boýunça dodak plastikasynyň taslamasy

Dodaklaryň doly kemtikleri Bruns we Sedillo boýunça düzedilýär. Brunsyň soňra işlenilen usulynda inleri kemtigiň inine deň bolan iki sany gönüburçluk şekilli kesim bölekleri döredýärler. Birinji kesimi kemtigiň gapdal gyrasy boýunça we ony



*246-njy surat.* Bruns boýunça dodak plastikasynyň taslamasy

burun-dodak ýygyrdy boýunça dowam edip geçirýärler. Ikinji kesimi birinji kesime dik kese edip gözasty töwerekde geçirýärler. Üçünji kesim ikinji kesimiň daş tarap çetinden başlap birinji kesime ugurdaş geçýär. Ýüz arteriýasyny saklap galmaklyk üçin üçünji kesimi ýaňagyň iç böleginde tutuş galyňlygy boýunça geçirmeýärler. Nemli bardany agyz bosagasynyň ýokarky aýlawynda kesýärler, gyralaryny boşadýarlar we ýaranyň gyralaryny biri-birine tikýärler (*246-njy, 247-nji suratlar*). Sedullo hem Brunsyň usuly ýaly kesim böleklerini döredipdir, emma olaryň esaslary ýokarky dodak tarapynda ýerleşipdir.



*247-nji surat.* Sedillo boýunça dodak plastikasynyň taslamasy

Dodaklaryň uly kemtiklerini, aýratyn hem, olar gapdalynyň dokumalarynyň kemtikleri bilen utgaşýan bolsalar, baldak şekilli kesim bölekleri bilen düzedýärler. Bu ýagdaýda dodagyň gyrmyzy gaýmasyny ýaňagyň ýa-da sagdyn dodagyň nemli bardasyndan döredýärler. Nemli bardany «Abbe» boýunça deri-muskul kesim böleginiň geçirilişi ýaly edip geçirýärler. Baldak şekilli kesim bölegi bilen dikeldilen aşaky dodakda bellibir derejede hereket bolar ýaly, oňa çeýneýiş muskulyndan kesilip alnan aýaklyja muskul kesim bölegini tikmek maslahat berilýär. Muskul kesim bölekleriň uçlaryny buduň giň gatlagara dokuma bardasynyň zolagy bilen birleşdirýärler. Aşaky dodaga agzyň töwerek-aýlaw muskuly boýunça ýokarky dodakda döredilen iki aýajykly kesim bölegini geçirýärler. Ýokarky we aşaky dodaklaryň utgaşykly kemtiklerini baldak şekilli kesim bölegi bilen düzedýärler we munda aşaky dodagy birinji dikeldýärler.

### 13.6.2. Eňek we ýaňak töwerekleriniň uly kemtikleri

Eňek we ýaňak töwerekleriň uly kemtiklerini, köplenç, uly göwrümli baldak şekilli kesim bölegi arkaly düzedýärler. Eňek töwereginiň kemtiginde baldak şekilli kesim bölegini ilki onuň bir gyrasyna, soňra bolsa beýleki gyrasyna tikýärler. Soňraky tapgyrda kesim bölegi deň ikä kesýärler we ony ýazýarlar. Onuň ýarpysyndan içki örtük, beýleki ýarysyndan bolsa daşky örtük döredýärler. Ýaňagyň uly kemtiklerini uzynlygynyň ýarpysyna çenli goşalanan baldak şekilli kesim bölegi bilen düzedýärler. Bu ýagdaýda iki aýajyklary hem kemtigiň gyralaryna biteninden soňra kesim bölegi deň ikä bölýärler we olary aýry-aýrylykda açyp, ýazgyn ýagdaýa getirýärler. Soňra iki sany bir gatly kesim böleklerini gyralary öňünçä kesilip täze ýara döredilen kemtigiň gyralaryna tikýärler. Bir kesim bölegi bilen nemli bardany dikeldýärler, beýleki bi-

len ýaňagyň deri örtügini dikeldýärler. Eňek we ýaňak töwerekleriniň uly bolmadyk aňyrsyna geçýän kemtiklerini içki örtügi nemli bardanyň galyndylaryny goparyp we çekip geçirilýän ýerli dokumalar bilen ýa-da kemtigiň gyralarynda döredilýän 180º agdarylýan aýaklyja kesim böleklerini ulanyp dikeldýärler (*248-nji surat*). Bu ýagdaýlarda baldak şekilli kesim bölegi bir gat ýagly-deri kesim bölegi görnüşinde ulanylýar we onuň kömegi bilen kemtigiň deri bölegi dikeldilýär.



*248-nji surat.* Aşaky dodagyň we eňegiň aňyrsyna geçýän kemtigi düzedilende, içki örtgüni döretmek üçin ýerli dokumalary ulanmak amalynyň taslamasy

### 13.6.3. Agyz yşynyň berçik netijesinde daralmagy

Agyz yşynyň berçik netijesinde daralmagyny Ýewdokimowyň usuly bilen düzedýärler. Agyz töweregindäki berçik birleşmeleri agyz yşynyň kadaly ölçeglerine çenli kesýärler (6-7 *sm)*, nemli bardanyň gyralaryny kesip boşadýarlar. Soňra deri we muskul gatlaklar boýunça 1-1,5 *sm* çäkde, nemli barda zeper ýetirmän kesim geçirýärler. Kesip boşadylan nemli bardany daş tarapa çöwürýärler we ýaranyň gyrasynyň derisine tikýärler (*249-njy a surat*). Agzyň burçunyň ýanyndaky nemli bardanyň ýeterlik derejede hereketi bolan ýagdaýynda dodagyň gyrmyzy gaýmasy bilen we deriniň araçägi boýunça aýlaw kesim geçirýärler. Soňra keseligine agyz yşynyň kadaly ölçeginiň serhedine çenli hemme dokumalar boýunça aňyrsyna geçýän kesim geçirýärler. Dodagyň gyrmyzy gaýmasy boýunça döredilen kesim bölegini kese döredilen ýaranyň ýüzüne deri we nemli barda taraplardan tikýärler (*249-njy b surat*).



*a)* *b)*

*249-njy a, b suratlar.* Agyz yşyny giňeltmek amallary:
*a* – Ýewdokimow boýunça; *b* – Wasilýew boýunça

### 13.6.4. Burnuň kemtikleri



*250-nji surat.* Burun ganatynyň we uç böleginiň kemtiginiň burun-dodak ýygyrdy boýunça döredilen aýaklyja kesim bölegi bilen plastikasy

Burnuň kemtikleri bölekleýin, doly däl we doly görnüşlere bölünýär. Bölekleýin kemtiklere burnuň ganatynyň, perdesiniň ýa-da ujunyň zeperlenmeleri degişli. Doly däl kemtikde burnuň kekirdewük bölegi, doly kemtikde bolsa onuň kekirdewük we süňk bölekleri zeperlenen. Burnuň bölekleýin kemtiklerinde käbir ýagdaýlarda burun – dodak ýygyrdyndan (*250-nji surat*), ýokarky dodakdan, maňlaýdan alnan aýaklyja kesim bölekleri ulanýarlar. Dokumalary düýpli mynjyraman, mehaniki şikes netijesinde dörän burnuň ganatynyň we ujunyň kemtikleri Suslow boýunça (1898) gulak ýelkeniniň bir bölegi bilen düzedilip bilner. Kemtigiň ölçegleri beýikligine 1,5-2 *sm*-den we uzynlygyna (kemtigiň aşaky gyrasy boýunça) 3-3,5 *sm*-den geçmeli däldir. Ilkibaşda kemtigiň gyralaryny kesip endigan ýara döredýärler, soňra bolsa gulak ýelkeninden ýiti päki bilen kemtige gabat gelýän görnüşde we ölçegde transplantat kesip alýarlar. Gatma-gat ýygy tikinler goýýarlar. Gulak ýelkeniniň ýarasynyň gyralaryny golaýlaşdyrýarlar we tikýärler. 3–4 günüň dowamynda burna buzly meşijek goýmak maslahat berilýär.

Burnuň doly däl we doly kemtiklerini, köplenç ýagdaýda, Hitrow boýunça Filatowyň baldagynyň kömegi bilen dikeldýärler. Bu amal üçin Filatowyň baldagyny 10x24 *sm* deri zolagyndan taýýarlaýarlar. Baldak burnuň düýbüne biteninden soňra ikinji aýajygyny kesýärler we şol amalyň dowamynda burny emele getirýärler. Baldagyň tutuş uzynlygy boýunça we burnuň düýbünde baldagyň biten ýeriniň aşak ýüzüniň berçiklerini kesip aýyrýarlar, şeýle hem deriniň çuňňur gatlagyna çenli derasty ýagly gatlagy kesip aýyrýarlar. Inli deri zolagy 180° epläp, ony goşalaýarlar. Burnuň kemtiginiň gyrasynda derini kesip, gyrasyny gatlaklara bölýärler. Baldakdan döredilen goşalanan deri zolagynyň içki gatyny orta çyzyk boýunça, dik deri ýygyrdyny döredip, derini golaýladýarlar, burnuň ujunyň we ganatlarynyň görnüşiniň şekiline getirýärler. Kemtigiň gyrasyndaky ýaranyň daşyna goşalanan deri zolagynyň daşky gatyny, içine bolsa içki gatyny tikýärler. Içki gatyndan (dik deri ýygyrdy) burnuň perdesini emele getirýärler. Ýokarky dodakda, burun deşiginiň düýbünde uly bolmadyk aýaklyja kesim bölegini döredýärler we ony goşalanan deri zolagyndan döredilen kesim bölegi bilen tikýärler. Burun geçelgelerine kseroformly hasa dolanan rezin turbajyklary salýarlar, burnuň arkasynyň gapdal taraplaryna hasadan edilen gaty zolaklary goýýarlar, sargyny ýelimli zolaklar bilen berkidýärler. Burna dogry görnüşi bermeklik üçin soňra inçe hem-de ýasy we aýlaw görnüşli kekirdewük zolaklary salýarlar (*251-nji surat*).



*251-nji surat.* Hitrow boýunça rinoplastikanyň tapgyrlary

Burnuň kekirdewük böleginiň kemtiginde käbir hassahanalarda Balon boýunça rinoplastika amala aşyrylýar. Içki örtgi üçin ýerli dokumalar ulanylýar, şol sebäpli-de deri zolagy goşalanma (*252-nji suratlar*).

Burnuň süňk-kekirdewük esasynyň zeperlenmegi netijesinde köp duş gelýän gyşarma görnüşi eýer görnüşli burundyr. Bu gyşarmany burnuň arkasynyň derisiniň aşagyna erkin geçirilen kekirdewük dokumasyny ýa-da emeli kauçuk-silikon implanty salmak bilen düzedýärler. Implant amaldan öň taýýarlanýar. Burnuň ujunda «garlawaç guýrugy» görnüşinde ýa-da burun içre kesimler geçirýärler.



*a)* *b)* *ç)*

*252-nji a, b, ç suratlar.* Burnuň uç böleginiň kemtiginiň golda döredilen tizleşdirilen baldak şekilli kesim bölegi bilen plastikasy:
*a* – näsagyň amaldan öň görnüşi; *b* – amalyň I tapgyryndan soň görnüşi;
*ç* – amaldan soň görnüşi

Ýiti päki bilen derasty geçelge – ýer döredýärler we ol ýere taýýarlanylan implanty salýarlar. Burnuň çöküp durmagyny üwelen kekirdewügi sapança (rewolwer) sanjawaç bilen goýbermek arkaly kesim geçirmezden hem düzedilip bilner.

## 13.7. ÄŇLERIŇ GYŞARMALARYNYŇ WE ÖSÜŞ NÄDOGRULYKLARYNYŇ HIRURGIK BEJERGISI

Adamlaryň köp sanlysy diş-äň gyşarmalary bilen ejir çekýärler. Olar, adatça, doga we soňra dörän häsiýetli ýüz we beýni süňkleriniň dürli üýtgemeleriniň görnüşleri bolup durýar. Äňleriň ösüş nädogrulyklary – bu kadaly ösüşden çykmagyň görnüşidir. Äňleriň ösüş nädogrulyklaryndaky gurluş, işjeňlik we owadanlyk üýtgemeleri kähalatlarda ejir çekýäniň jemgyýetde özüni alyp barşyna güýçli täsir edýär. Olary ýygralyk, az gatnaşyklyk, müňkürlik, hemişe kemsinmeklik duýgusy gurşap alýar. Dogry naharlanmaga ýol bermeýän işjeňlik bozulmalary kähalatlarda iýmit siňdiriş ulgamynyň kesellerine getirip bilýär. Bu näsaglarda çeýneýiş, gepleýiş, dem alyş, ýüz keşp işjeňliginiň düýpli bozulmasy ýüze çykýar. Şu aýdylanlar hem diş-äň gyşarmalary bolan adamlaryň doly sagalmagynyň gazanylmagyny örän wajyp mesele edip goýýar.

Biri-biri bilen dürli utgaşyklylykda bolup bilýän bozulmalaryň aşakdaky esasy görnüşleri bar:

1) ýokarky makrognatiýa (ýokarky äňiň has uly bolup ösmegi);
2) aşaky makrogeniýa (aşaky äňiň has uly bolup ösmegi);
3) äňleriň ikisiniň hem ulalmagy;
4) ýokarky mikrognatiýa (ýokarky äňiň doly derejede ösmezligi);
5) aşaky mikrogeniýa (aşaky äňiň doly derejede ösmezligi);
6) äňleriň ikisiniň hem kiçi bolmagy.

Bulardan başga-da, kelleçanagyň esasyna görä, äň duruş ýagdaýy bilen baglanyşykly ösüş nädogrulyklaryny – prognatiýany we retrognatiýany (degişlilikde, ýokarky äňiň öňde we yzda ýerleşmegi) ýüze çykarýarlar.

I we II dem algyç ýaýlarynyň alamatlar toplumynyň netijesi bolan äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň doga ýeterlik ösmezligi ýa-da artykmaç ösmeginiň döredýän ýüz süňkleriniň iki taraplaýyn meňzeş däl utgaşykly gyşarmalaryny bejermek meselesi has-da kynlaşan (otokraniostenoz ýa-da gemifasial mikrosomiýa).

Diş-äň gyşarmalaryny we ösüş nädogrulyklaryny ortodontik we hirurgik usullary bilen bejerýärler.

Ulularda ortodontik bejergi çärelerini geçirmek dişleriň we öýjükli ösüntginiň töweregi bilen çäklenen. Dürli nesli bozulmalar, esasan, hirurgik usul bilen düzedilýär.

Lukmanlar üçin ortodontik ýa-da hirurgik bejergisine bolan görkezmeleri kesgitlemek, şeýle hem olaryň mümkin bolan utgaşygyny anyklamak örän wajyp bolup durýar. Beýle ýagdaýda näsaglary doly barlamak we ortodontlaryň hem-de hirurglaryň bilelikde işlemegi gerekdir.

Hirurgik bejergini näsaglarda 16 ýaşdan soňra amala aşyrmak maksadalaýykdyr, sebäbi bu ýaşa çenli ýüz süňkleriniň we ýumşak dokumalarynyň doly ösüp emele gelmegi, esasan, tamamlanýar. Ondan başga-da, çagalyk döwründe diş-äň gyşarmalarynyň köp sanlysy diş-äň ulgamynyň ösüşiniň we emele gelşiniň kadalaşyksyz ösmeginiň netijesi, 16-18 ýaşda dişleýşiň kadalaşygy bolup geçýär.

Haçanda näsagda köp garşydaş – dişleriň uýgunlaşan diş tümmejikleriniň we yşlarynyň degişmekleri bolanda äňleriň süňk esasyny üýtgetmezden amal geçirýärler. Dürli serişdeleri sudur we daýanç plastika görnüşinde dokumalaryň aralaryna salyp ulanýarlar. Munuň üçin kekirdewük, süňk, erkin geçirilen ýumşak dokumalary (deri, ýag gatlakly deri, gatlagara dokuma bardasy we ş.m.), şeýle hem dürli metal, plastmassa (silikon) we başga implantlary ulanýarlar.

Ýüz süňkleriniň gyşarmalarynyň we ösüş nädogrulyklarynyň hirurgik bejergisinde süňk-plastika amallarynyň aýratyn ähmiýeti bardyr. Bu amallarda diş-äň gyşarmalaryny düzetmeklige köptaraplaýyn çemeleşik geçirilmelidir.

### 13.7.1. Aşaky äň gyşarmalarynyň düzedilişi

Aşaky äň gyşarmalarynda geçirilýän amallary aşaky äň bedeniniň diş hatarlarynyň çäklerindäki, aşaky äň burçundaky we şahasyndaky hem-de aşaky äň bogun ösüntgisindäki görnüşlere bölýärler.

Aşaky äň bedeninde geçirilýän amallaryň şu aşakdakylar ýaly käbir kemçilikleri bardyr: köp dişleri sogurmaly bolýanlygy, köplenç, ýaňaklarda artykmaç ýumşak dokuma toplumynyň emele gelmegi bilen kesgitlenýän näsagyň ýüzüniň



*253-nji surat.* Aşaky äňiň şahasynyň Obwegezer boýunça dikleýin gabyk gatlagara kesilişiniň taslamasy



*254-nji surat.* Makrogeniýada aşaky äňiň şahasynyň Zile-Rudko boýunça dik, pahna şekilli osteotomiýasy

ýellenen ýaly bolup durmagy, köplenç, aşaky äň damarly-nerw dessejiginiň şikeslenýänligi, aşaky äň burçunyň üýtgewsiz galýanlygy we äň bölekleriniň bitişmegi üçin amatsyz şertler. Äň süňküniň bu ýeri aşaky äňiň hereketlerinde adaty güýji götermeýär we şol sebäpli hem örän köp ýagdaýda açyk dişleýiş görnüşinde gaýrüzülme ýüze çykýar.

Bogun ösüntgilerde geçirilýän amallar özüniň şikesliligi we doly netijeli däldigi sebäpli giň gerim almady.

Aşaky äň şahasynda we burçunyň töwereginde dik ýa-da kese osteotomiýa görnüşinde geçirilýän amallar giň gerim aldy (Wan Zile, W.F. Rudko, Obwegezer, Doil Pant, G.G. Mitrofanow). Zile-Rudko usuly amatlydyr. Munuň ýaly süňk üýtgedip gurma amallary çekge-aşaky äň bognuň ankilozy bolmadyk aşaky äň doly ösmedik ýagdaýlarynda hem amala aşyrylýar (*253-nji*, *254-nji*, *255-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*255-nji a, b suratlar.* Makrogeniýa:
*a* – amal bejergiden öň; *b* – amaldan soň görnüşi (şahalaryň dik, pahna şekilli osteotomiýalary)

### 13.7.2. Ýokarky äň gyşarmalarynyň düzedilişi

Ýokarky äň gyşarmalary onuň kadaly ölçegleriniň üýtgemegi, şeýle hem nädogry ýerleşmegi görnüşinde ýüze çykyp biler. Prognatiýada ýa-da ýokarky äň has uly ölçeglere çenli ösende onuň bölekleýin kesilmeginde jemlenen hirurgik amallary ulanylýar.

Alyn dişleriň bellibir işjeňlik we owadanlyk ähmiýeti bolmadyk ýagdaýlarynda olary sogrup we çykyp duran öýjükli ösüntginiň düzlenilmeginden soňra köpri görnüşli emeli diş gurnamalary ulanmak bolar. Şeýle hem ýokarky äň öň tarapynyň bölekleýin osteotomiýa amaly geçirilip bilner. Birinji kiçi azy dişler sogrulyp, süňk dokuma şine görnüşli ýa-da gönüburçly kesileninden soňra alyn dişleri bilen bilelikde öýjükli ösüntgini yza süýşürýärler (*256-njy a, b, ç suratlar*). Ýokarky äň gyşarmalarynda hirurgik we ortodontik bejergileriň toplumy oňat netije berýär. Hususan-da, äňiň süňk gurluşyny agyz bosagasy we kentlewük taraplardan geçirilýän köpsanly deşikler arkaly gowşatmak usuly kompaktosteotomiýa oňat netijeler berýär (A.T. Titowa). Bu ýagdaýda ýokarky äň dişlerini A.Ý. Katsyň teklip eden esaslary boýunça ortodontik usuly bilen yza süýşürýärler. Bu bejeriş çäresi aşaky äňi süýşürmäge, süňküň içki we daşky gabyk gatlaklaryny aýryp, aşaky äň has ýiti burçuny döretmäge we açyk dişleýşi düzetmäge ýol berýär.



*a)* *b)* *ç)*

*256-njy a, b, ç suratlar.* Prognatiýada ýokarky äňiň öň tarapynyň bölekleýin osteotomiýa amaly

Häzirki wagtda ýokarky retrognatiýalary we mikrognatiýalary düzetmek üçin ýüzüň orta bölegini tutuşlygyna öňe süýşürmek amaly işlenilip düzülen (W. M. Bezrukow). Bu amal ýüzüň orta böleginiň gyşarmasyny ygtybarly düzetmäge we onuň süňk bölegini süýşürmek bilen burnuň kekirdewük bölegini hem bilelikde süýşürmäge ýol berýär hem-de onuň ikilenç gyşarmasynyň öňüni alýar. Ýokarky äňiň yza süýşmeginiň öňüni almak üçin ýokarky äň güberçegi bilen esasy süňküň ganat şekilli ösüntgileriniň aralaryna süňk transplantatyny ýa-da grafit implanty salýarlar hem-de goşmaça süňk birleşdirme geçirýärler (*257-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*257-nji a, b suratlar.* Retro we mikrognatiýada ýokarky äňiň Le For I osteotomiýasy

Bulardan başga-da, ýüzüň orta we aşaky böleklerinde bir wagtda geçirilýän amallary hem üstünlikli amala aşyrýarlar. Şeýle hem, esasan, amallardan soň galýan gyşarmalary düzetmekde we bejerginiň owadanlyk netijesini ýokarlandyrmakda sudur plastikasy ulanylýar.

## 13.8. EMELI DIŞ GURNAMASYNY SALMAK ÜÇIN GEÇIRILÝÄN AGYZ BOŞLUGYNYŇ HIRURGIK TAÝÝARLYGY

Agyz boşlugynyň dürli amallarynda soňraky ortopediýa bejergisinde kynçylyk döredip biljek gaýrüzülmeleriň öňüni almaklyk gerek. Dişleriň bölekleýin, şeýle hem doly ýitirilmegi ortopedik bejeriş çäreleriniň geçirilmekligi üçin bellibir kynçylyklar döredýär. Öýjükli ösüntgi tekiz däl bolanynda, onuň çöken ýagdaýynda, eksostozlar we ýokarky hem-de aşaky äňleriň süňk dokumasyny örtýän nemli bardanyň üýtgemeleri bolan ýagdaýynda emeli diş gurnamalary bilen çeýneýiş işjeňligi dikeldilmezinden öňünçä hirurgik bejergi geçirilmekligi gerek bolýar. Onuň maksady soňraky ýasaljak emeli diş gurnamasy üçin süňk we ýumşak dokumalardan ygtybarly daýanç ýerini döretmekdir we olaryň ýeterli derejede işiniň berjaý edilmegini gazanmakdyr.

Ortoped lukman emeli diş gurnamasyny ýasamaklyk üçin agyz boşlugynyň şertlerine baha bermelidir we degerli derejede emeli diş gurnamasyny ýasamaklyga päsgelçilik berýän dürli üýtgemeler bolan näsaglary hirurgik bejergä ugratmalydyr. Aň-düşünje ýagdaýlary, has takygy bolsa, näsaglaryň hirurgik bejerginiň gerekligine düşünmekligi, onuň arzlarynyň ýerliklidigi, onuň emeli diş gurnamasynyň çeýneýiş işjeňliginde we owadanlyk babatynda hirurgik we ortopedik bejergiden nämä garaşylýanlygy wajypdyr. Wagtlaýyn we hemişelik emeli diş gurnamalaryna öwrenişmeklik babatynda, onuň aň-düşünje esaslandyrmasyna aýratyn üns bermek gerek. Hirurg-stomatolog bejergini meýilleşdireninde, şol sanda näsagda umumy ulgamlaýyn keseller bolanynda hem howply ýagdaýlaryň döräp biljekdigini göz öňünde tutmalydyr. Näsagyň ýerli barlagynyň üsti rentgen barlag, şol sanda gözýetim şekilindäki rentgen suratlar we äňleriň gaty nusgalaryna baha bermeklik bilen ýetirilýär.

Agyz boşlugyna soňraky emeli diş gurnamasyny ýasamaklyk üçin taýýarlyk babatda ilkinji çäre bolup, diş sogrulanda we başga amallarda äňleriň öýjükli ösünt-

gilerinde işlemekligiň hemme düzgünlerini berjaý etmeklikdir. Öýjükli ösüntgi ýaýlarynyň şekillerine üns bermek gerek we diş sogrulanda süňk we ýumşak dokumalary mümkin boldugyça saklap galmaly hem-de şikes ýetirmeli däl.

### 13.8.1. Äňleriň süňk dokumalaryndaky amallar

Diş sogrulanda ýa-da köplenç, birnäçe diş sogrulanda, amaldan soňraky ýara arassalananda öýjükli ösüntginiň gyşarmasy ýüze çykarylan ýagdaýynda, **öýjükli ösüntginiň ýönekeý plastikasyny** geçirmek gerek. Munuň üçin diňe süňküň zeperlenen ýerini açmaklyk üçin, süňk bardaly – nemli barda kesim bölegini döredip, ony serpikdirýärler. Süňk kertgijiniň, süňk törpüsiniň, diş gyrgyjynyň, süňk çapgyjynyň we çekijiň kömegi bilen öýjükli ösüntgi ýaýynyň iç we daş taraplarynyň gyşarmalaryny aýyrýarlar. Diş gyrylýan enjam bilen işlenende, amal meýdanyna natriý hloridiniň izotoniki erginini sepmek bilen ony sowatmak gerek. Süňküň ýiti gyralary aýrylandan we düzlenenden soňra süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini ýerine goýýarlar. Ýaranyň gyralarynyň biri-birine gabat gelşine üns berýärler we gerek bolanda, onuň gyralaryny düzleýärler hem-de artykmaç dokumany kesip aýyrýarlar.

Gerek bolan ýagdaýynda bir diş ýa-da birnäçe diş sogrulandaky usul bilen soňraky döwürlerde **öýjük içre perdäniň plastikasyny** geçirýärler. Çykyp duran ýa-da oňaýsyz öýjügara perdäni aýyrmak we äňleriň öýjükli ösüntgileriniň daşky gabyk gatlagyny barmak bilen güýçli basmak arkaly düzetmekligi maslahat berýärler (ýöne bu ýagdaýda nemli bardanyň zeperlenmeginiň mümkindigini ýatda saklamaly). Bu çäre öýjükli ösüntginiň beýikligini peseltmezden, agyz bosagasy tarapdan süňk çykyndylaryny aýyrmaklyga, onuň süňk bardaly – nemli barda örtüginiň bitewüligini saklamaklyga ýol berýär. Şeýle hem öýjükli ösüntginiň şunuň ýaly plastika usulynda süňküň soňraky çökmeklik ýagdaýynyň örän pes bolýandygy ýüze çykarylan.

**Äňleriň öýjükli ösüntgileriniň süňk ýüzüniň büdür-südürligini azaltmak we düzetmek amaly.** Degerli derejede aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny salmaklyga bolan päsgelçilik äňleriň öýjükli ösüntgileriniň büdür-südürligi, süňk çykyndylary, şeýle hem ony örtýän ýumşak dokumalaryň artykmaçlygy, galňamaklygy netijesinde bolup biler. Öýjükli ösüntginiň kadaly ýaýyny döretmek üçin öýjük içre perde plastikasyndaky usul boýunça öýjükli ösüntginiň iki tarapyny hem açyp, süňk bardaly-nemli barda kesim böleklerini serpikdirýärler. Süňküň çykyndy, büdür-südür we gyşarma ýerlerini süňk kertgijiniň, süňk törpüsiniň, diş gyrgyjynyň, süňk çapgyjynyň we çekijiň kömegi bilen aýyrýarlar. Ýumşak dokumalaryň artykmaçlygynda olary kesip aýyrýarlar, ýarany ketgut ýa-da poliamid sapaklar bilen düwünli edip tikýärler. Şikes ýetirilmezligi üçin amal ýokarky äňde geçirilende, onuň boşlugynyň serhetlerini, aşaky äňde bolsa eňek deşiginiň ýerleşişini we ondan çykýan damarly-nerw dessejigini göz öňünde tutmalydyr (*258-nji a, b, ç suratlar*).



a) b) ç)

*258-nji a, b, ç suratlar.* Öýjükli ösüntginiň süňk ýüzüni düzlemek:
*a* – diş eti boýunça kesmek we süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini goparmak;
*b* – ýiti süňk uçlaryny, ösüntgileri aýyrmak; *ç* – ýarany tikmek

**Ýokarky we aşaky äňlerde ekzostozlary aýyrmak.** Uly we has bildirip duran ekzostozlarda öýjükli ösüntginiň ýaýynyň ugry boýunça kesim geçirýärler, kähalatlarda bolsa ony goşmaça dik kesim bilen bilelikde geçirýärler we burç şekilli ýa-da iki tarapy ugurdaş dörtburçluk şekilli kesim bölegini döredýärler. Süňküň her bir üýtgän ýerini açýarlar. Ýokarky äň öýjükli ösüntgisiniň kentlewük tarapynda ýerleşen we aşaky äň öýjükli ösüntgisiniň dil tarapynda ýerleşen ekzostozlaryny öýjükli ösüntginiň ýaýynyň ugry boýunça geçirilen kesimler bilen aýyrýarlar. Süňki oňat görmek üçin ýumşak dokumalary kütek ilgençek bilen gapdala çekmek gerek we golaýda ýerleşen dil nerwi, dil arteriýasy we wenasy, şeýle hem äňasty tüýkülik mäziň akabasy ýatdan çykmaly däl. Ekzostozlary süňk kertgiçleri ýa-da kähalatlarda çapgyjyň hem-de çekijiň kömegi bilen çapyp aýyrýarlar we diş gyrgyjy bilen süňküň ýüzüni düzedýärler. Süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini ýerine goýýarlar we aýry-aýry düwünli ýa-da yzygiderli tikinler goýýarlar. Uly bolmadyk ekzostozlarda we öýjükli ösüntginiň ýeterlik ini bolmasa degişli tarapynda nemli bardada kesim geçirýärler we süňk bardasty geçelge döredýärler. Ol ýere osteoplastiki serişdeler ýa-da başga biologik madda salýarlar hem-de üsti tekiz we gerek galyňlykda öýjükli ösüntgini emele getirýärler. Nemli bardanyň ýarasyny tikýärler. Onuň üstünden emele getiriji plastmassa örtgi ýa-da sargy goýmak has oňat netije berýär.

**Äňleriň öýjükli ösüntgisini kesip aýyrmak** amalyny süňk gyşarmasy, artykmaç dokuma bolanda, haçanda emeli diş gurnamada dişler üçin, şol sanda garşydaş dişler üçin hem ýer bolmadyk ýagdaýynda geçirmek görkezilen. Emeli diş gurnamasyny ýasamak boýunça öňde goýulýan maksadalaýyklykda äňleriň gaty nusgalarynda süňküň kesilip aýryljak göwrümini kesgitleýärler. Amal wagty şikes ýetirmezlik üçin burun, ýokarky äň boşluklarynyň ýerleşişlerine rentgen surat boýunça baha berýärler. Öýjükli ösüntginiň ýaýy boýunça göni kesim geçirýärler, süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini goparýarlar. Kähalatlarda dikleýin hem bir ýa-da iki kesim geçirýärler we burç şekilli ýa-da iki tarapy ugurdaş dörtburçluk şekilli kesim böleklerini goparýarlar. Öýjükli ösüntginiň artykmaç bölegini süňk kertgiçleri, çapgyç, şeýle hem süňküň ýüzüni tekizlemäge ýol berýän diş we süňk gyr-

gyçlary bilen aýyrýarlar. Aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny ýerleşdirmek üçin gerek bolan öýjükli ösüntgi ýaýlarynyň dişleýiş tekizliklerine baglylykda amal geçirilýän ýere islenilýän görnüşi berýärler. Ýumşak dokumalaryň artykmaç bölegi ýaranyň gyralary dartylmazdan tikiler ýaly edilip kesilýär. Eremeýän sapakdan yzygiderli tikin goýsaň ýerlikli bolýar.

**Gaty kentlewügiň orta zolagynyň töweregindäki ekzostozlary aýyrmak.** Seýrek bolmadyk ýagdaýlarda aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny ýasamak we ony oňaýly ulanmak üçin gaty kentlewügiň orta zolagynyň çykyndysy (ekzostozlary) kynçylyk döredýär. Olar dürli görnüşde we gurluşda, käwagtlar uly ölçeglerde bolýar we köplenç, kentlewük güberçeginiň gyşarmasyny döredýär. Ekzostozlary aýyrmagy kentlewügiň orta çyzygy boýunça geçirilen we öň hem-de yz çetinde 30-40$^0$ burç bilen ýeňlediji kesimler geçirip amala aşyrýarlar. Süňk-bardaly–nemli barda kesim böleklerini iki tarapa goparýarlar, olaryň gyralaryny sapak tutawaçlara alýarlar we süňk çykyndysyny açýarlar. Ony çapgyjyň we çekijiň, diş ýa-da süňk gyrgyçlarynyň kömegi bilen aýyrýarlar. Seýrek bolmadyk halatlarda ony birnäçe bölege kesýärler we bölekläp süňk kertgiji, çapgyjy bilen aýyrýarlar. Burun boşlugynyň düýbüniň deşilmegi mümkin bolany sebäpli seresaply işlemek gerek. Süňküň ýüzüni tekizleýärler we süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini süňküň ýüzüne barmak bilen basyp ýazyp ýerine goýýarlar. Kesim böleginiň artykmajyny kesip aýryp, ýaranyň gyralaryna dartylmaýan ýagdaýda düwünli tikinler goýýarlar. Ýaranyň aşagynda gan toplanmasynyň öňüni almak üçin kentlewüge kseroformly hasa goýýarlar we ýüpek sapak bilen berkidýärler. Aşagynyň dokumalary çüýremez ýaly sähelçe basyp duran edip öňünden taýýarlanylan plastmassa gorag örtgüni oňat berkidýärler. Amaldan soňraky döwürde agyz boşlugyny zyýansyzlandyryjy erginlere çaýkadýarlar. Gorag plastmassa örtgüni, kseroformly hasany we tikinleri 8-10 günden aýyrýarlar.

**Äň-dilasty zolagy peseltmek we aýyrmak.** Seýrek bolmadyk halatlarda äň-dilasty zolagynyň töwereginde aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny berkitmekde kynçylyklar döreýär. Birinjiden, öýjükli ösüntginiň gerşi ýiti bolup biler we ol diş gurnamasy ulanylanda, agyrylaryň sebäbi bolýar. Ikinjiden, seýrek bolmadyk halatlarda äň-dilasty zolagyny örtýän nemli barda şikeslenip, ol ýerde baş döreýär. Üçünjiden, bu ýere birleşýän muskul süýümleri seýrek bolmadyk halatlarda aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň berkidilmegine päsgelçilik döredýär.

Äň-dilasty zolagy peseldilende, iki tarapdan hem kiçi azylaryň deňesinde öýjükli ösüntginiň gerşiniň ýokarsy boýunça göni kesim geçirýärler, nemli bardany we süňk bardasyny goparýarlar. Kesim geçirmegi we ýumşak dokumalary goparyp süýşürmegi dil nerwi şikeslenmez ýaly seresaplyk bilen amala aşyrýarlar. Orta bölekde muskul bölegini, gatlagara dokuma bardasyny goýup, birleşen muskuly güberip duran ýerinde ýa-da zolagyň ýiti gyrasynyň ýanynda kesýärler. Süňk kertgiçleriniň, diş gyrgyçlarynyň kömegi bilen süňküň çykyp duran ýerlerini

aýyrýarlar, süňk ýüzüni tekizleýärler. Düwünli tikinler goýlanyndan soňra, ýara mümkingadar aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny geýdirmelidir we agyz boşlugynyň düýbüniň islenilýän çuňlugyna baglylykda, onuň agyz boşluk gyralary uzaldylmalydyr.

**Eňek tümmejigini we eňek çykyndysyny peseltmek.** Aşaky äň öýjükli ösüntgisi çökende aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň oňaýly berkidilmegi üçin galyp duran eňek tümmejigi ýa-da çykyndysy päsgelçilik berip biler. Başga çözgüdi bolmasa, onda tümmejigi ýa-da çykyndyny peseltmek üçin öýjükli ösüntginiň ýaýynyň ugry boýunça alyn dişleriň deňesinde kesim geçirýärler. Dil tarapdan süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini serpikdirýärler, eňek-dilasty muskuly kesýärler we eňek tümmejiginiň ýa-da çykyndysynyň açylan ýerini çapgyç ýa-da süňk kertgiji bilen aýyrýarlar, diş gyrgyjy bilen bolsa onuň üstüni tekizleýärler. Muskuly tikýärler ýa-da agyz boşlugynyň düýbi çuňlaşar ýaly berkitmän goýýarlar.

**Aşaky äň oklawjyk şekilli çykyndysyny aýyrmak.** Aşaky äňde oklawjyk şekilli çykyndylar süňküň iç ýüzünde, adatça, kiçi azy dişleriň deňesinde ýerleşýärler. Diş bolan ýagdaýynda olar hiç bir päsgelçilik döretmeýärler, emma diş bolmadyk halatynda we aýratyn hem süňk peselende aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ýasamakda, gepleýşiň, nahar wagty diliň hereketleriniň bozulmagy mümkin. Köplenç, oklawjyk şekilli çykyndylar iki tarapdan hem ulalan bolýar. Olary aýyrmak meselesi ýüze çykanda öýjükli ösüntginiň gerşi boýunça 1-1,5 *sm* uzynlykda kiçi azy dişleriň deňesinde äň iki tarapyndan hem kesýärler, bu ýerde nemli barda örän ýuka bolany üçin seresaplylyk bilen nemli bardany aşagynyň süňk bardasy bilen bilelikde goparýarlar. Ýumşak dokumalary kütek ilgençek bilen saklap, oklawjyk şekilli çykyndynyň töweregine süňk bardasynyň astyna agyrysyzlandyryjy ergini goýbermek bolýar. Oklawjyk şekilli çykyndynyň ýokarky böleginde diş gyrgyç bilen ganawjyk edýärler we soňra ony çapgyjyň we çekijiň kömegi bilen aýyrýarlar. Süňki tekizleýärler, nemli bardany we süňk bardasyny ýerine goýup, onuň üsti boýunça barmak bilen basyp, amalyň netijesine baha berýärler. Ýarany aýratyn düwünli ýa-da yzygiderli tikinler bilen tikýärler. Amal geçirilen ýeriň deňesinde dil tarapdan we dilasty töweregine 12-24 sagatlap çasaran, itburun we ş.m. ýaglar siňdirilen kseroformly hasa tokgasyny goýýarlar. Beýle edilmegi ganöýmäniň öňüni alýar we çişmä garşy hem-de ýellenmä garşy serişde bolup hyzmat edýär.

### 13.8.2. Agyz boşlugynyň ýumşak dokumalarynda geçirilýän amallar

Dişler sogrulandan soňra seýrek bolmadyk halatlarda ýumşak dokumalarda üýtgeşmeler bolup geçýär. Şeýle-de, agyz dokumalarynyň gurluşy boýunça doga bozulmalary hem bolup bilýär. Bularyň hemmesi aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ýasap ulanmaga kynçylyklar döredýär we hirurgik bejergini talap edýär. Amalyň öňünden ýerli we rentgen barlaglary geçirilmelidir, ortopedik bejerginiň

meýilnamasy düzülmelidir we onuň hirurgik bejerginiň mümkinçiliklerine gabat gelşi kesgitlenilmelidir. Ýumşak dokumalar artykmaç bolanynda oňa hemişe süňk dokumasyny beýgeltmek üçin ulanmak nukdaýnazaryndan baha berilmelidir.

**Äň öýjükli ösüntgisini örtýän nemli bardanyň we süňk bardasynyň büdürligini azaltmagy** üýtgän ýeriň daşyndan aýlanýan, biri-biri bilen birleşýän ýarymaý şekilli kesimler bilen geçirýärler. Ýaranyň gyralaryny süňk bardaly-nemli barda gat görnüşinde agyz bosagasy we agyz içi taraplardan biri-birine dartylman ýeter ýaly edip goparyp boşadýarlar, soňra bolsa aýratyn düwünli ýa-da yzygiderli edip tikýärler. Eger-de ýaranyň gyralary goparylyp boşadylyp biri-birine golaýlaşdyrylanynda süňküň açyk ýeri galsa, onda ol ýeri kseroformly hasa bilen örtýärler we ýara ikilenç birleşme bilen bitýär.

**Azy yzy töwereginde dokumalary azaltmak.** Azy yzy töwereginde seýrek bolmadyk halatlarda dokuma artykmaçlygy ýüze çykarylýar we ol, köplenç, onuň artykmaç ösmegi netijesinde döreýär. Dokuma artykmaçlygyny biri-biri bilen birleşýän ýarymaý şekilli kesimler bilen kesip aýyrýarlar, emele gelen kemtigiň–ýaranyň gyralary boýunça ýukaldýarlar we ýarany aýratyn düwünli ýa-da yzygiderli edip tikýärler.

**Kentlewügiň yzky böleginde ýumşak dokuma artykmaçlygyny aýyrmak.** Kentlewük gümmeziniň yzky böleginde seýrek bolmadyk halatlarda ýumşak dokuma artykmaçlygy bolup bilýär we bu ony daraldýar hem-de aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny ýasamaga kynçylyklar döredýär. Amal wagty öň tarapky kentlewük arteriýasynyň, ganat şekilli wena çyrmaşygynyň zeperlenmegi mümkin we şol sebäpli hem dokumalary ýüzleý kesip aýyrmak maslahat berilýär. Ýumşak dokumalaryň artykmaçlygy inçe ýiti päki bilen nemli we nemli bardasty gatlaryň çuňlugynda ýüzleý kesilip aýrylýar. Ýaranyň gyralaryny golaýlaşdyrýarlar, tikinler goýýarlar we ýaranyň ýüzüne gorag plastmassa örtgüni geýdirýärler.

**Öýjükli ösüntgi ýaýynyň ýumşak dokuma artykmaçlygyny aýyrmak.** Dişleriň ýerlerinde süňk çökeninde, berkleşmesi kyn bolan doly aýrylyp-goýulýan diş gurnamasy ulanylanda, aşagynyň süňk daýanjy bolmadyk ýumşak dokuma artykmaçlygy emele gelýär. Eger-de bu dokumany öýjükli ösüntginiň beýikligini we inini ulaltmak üçin ulanyp bolmasa, onda ony kesip aýyrýarlar. Dokumany kesip aýyrmak üçin uçlary biri-biri bilen birleşýän iki sany ugurdaş kesimleri öýjükli ösüntginiň ugry boýunça süňk bardasyna cenli edip geçirýärler, ýarany bolsa adaty usul bilen tikýärler (*259-njy a, b suratlar*). Seýrek bolmadyk halatlarda ýumşak dokumalaryň artykmaçlygy zolak görnüşde bolup, has güýçli iki ýana oýnap durýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda ýumşak dokumalaryň artykmaçlygyny süňk bardasy bilen bilelikde kesip aýyrýarlar. Emma beýle kesip aýyrmagyň, köplenç, agyz bosagasynyň has bildirip duran kemtigine getirýändigini bellemek gerek.



a) b)

*259-njy a, b suratlar.* Öýjükli ösüntgi ýaýynyň ýumşak dokuma artykmaçlygyny aýyrmak. Kesim geçirilýän çyzyklar:
*a* – ýokarky äňde (üstünden görnüş); *b* – aşaky äňde (gapdaldan görnüş)

**Çişme hadysasy netijesinde üýtgän dokuma artykmaçlygyny aýyrmak.** Oňat berkidip bolmaýan aýrylyp-goýulýan diş gurnamalary ulanylanda, olar ýerine gabat gelmeýän ýagdaýynda, seýrek bolmadyk halatlarda öýjükli ösüntginiň nemli bardasynda, diş etiniň ýygyrtlarynda birleşdiriji dokuma ösüntgileri görnüşinde üýtgemeler bolup geçýär. Aýrylyp-goýulýan diş gurnamalary düzedilen ýagdaýynda bu üýtgemeleri aradan aýyrmak mümkin. Başga ýagdaýlarda bolsa üýtgän dokumalary kesip aýyrmak amalyny geçirmek gerek bolýar. Iň bir ýönekeý usul elektropyçak ýa-da lazer bilen kesip aýyrmak bolup durýar we soňra ýara hasanyň aşagynda ikilenç birleşme bilen bitýär. Üýtgän we çişme ýagdaýyndaky artykmaç dokumanyň ölçegleri has uly bolanda, adatça, geçirilýän süňk barda çenli kesip aýyrýarlar we ýarany düwünli ýa-da yzygiderli edip tikýärler. Ýaranyň gyralary biri-birine ýetmese we dokuma ýetmezçiligi dörände, onuň gyralaryny süňk bardasyna tikýärler, emele gelen nemli barda kemtik bolsa ikilenç birleşme bilen bitýär. Her bir hirurgik bejergi geçirilende, geljekde aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň ulanylýan şertleri, ilkinji nobatda, diş etiniň ýeterlik ýygyrdynyň bolmagy göz öňünde tutulmalydyr. Oňa sargy çalşylanda ýa-da arassalaýyş çärelerde ýaranyň üstünden ýumşak gatlagy bolan aýrylyp-goýulýan seýigiň ýa-da diş gurnamasynyň ulanylmagy ýardam edip biler.

Has çylşyrymlysy **gaty kentlewügiň nemli bardasynyň papilloma şekilli ösüntgilerini aýyrmaklykdyr:** köplenç, munuň ýaly üýtgemeler emeli diş gurnamalary bilen ýetirilen şikeslerde, agyz boşlugynyň ýeterlik bolmadyk arassaçylygynda, kömelejik ýokançlaryň kesel döretmeginde ýüze çykýar. Amalsyz bejergi usullar we aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň düzedilmegi geçirilende, peýda bermedik ýagdaýlarda hirurgik bejergi geçirilýär. Ol köýdürmek, lazer şöhlesi bilen kesip aýyrmak, suwuk azot ulanylmagy, diş gyrgyjynyň ulanylmagy, şeýle hem kesel ýagdaýyndaky üýtgän dokumalary süňk bardasyna çenli päki bilen kesip aýyrmak görnüşinde geçirilýär. Munuň ýaly bejergide kesilip aýrylan dokumalaryň

dokuma barlagy hökmany bolup durýar. Ýaranyň ýüzi sargy we gorag plastmassa örtgi bilen ýapylanda, takmynan, 4 hepdä çenli dowam edýän ýaranyň ikilenç bitmegi üçin oňaýly şertler döreýär.

**Diliň gysga ýarçygy bolanda geçirilýän amal.** Aýrylyp-goýulýan diş gurnamasy ýasalanda, käwagtlar diliň ýarçygyny uzaltmak gerek bolýar. Munuň üçin ýarçyk boýunça orta kesim, onuň uçlarynyň hersinden tersleýin taraplara gytak kesimler geçirýärler we iki sany üçburç şekilli kesim böleklerini döredýärler, olaryň ýerlerini çalyşýarlar hem-de inçejik ketgut ýa-da sintetiki sapak bilen tikýärler. Amal wagty şikes ýetirmezlik üçin ol ýerde dilasty we äňasty tüýkülik mäzleriniň akabalarynyň emzijekleriniň ýerleşýändigini ýatda saklamak gerek.

Diliň ýarçygy has gysga bolanda, ony keseligine kesmek arkaly amal geçirmek maksadalaýykdyr. Dil doly boşadylanynda, ýara pişme şekilinde dik ugur boýunça ýerleşýär we dokumalaryň çeýeligi ýaranyň gyralaryny biri-birine golaýladyp, kese tikin goýmaga ýol berýär (*260-njy a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*260-njy a, b suratlar.* Diliň gysga ýarçygyny düzetmek amaly:
*a* – keseligine geçirilýän kesim çyzygy; *b* – dil boşanyndan soň ýarany dikleýin tikmek

Aşaky äň dişsiz öýjükli ösüntgisi çöken ýagdaýynda ýarçyk, köplenç, gönüden-göni onuň ýokarky çetine birleşip durýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda ujy aşaky äňiň öýjükli ösüntgisine bakdyrylan burç şekilli kesim geçirip ýarçygy kesýärler we kesim bölegini doly boşadylýança onuň aşak ýüzüne tarap edip goparýarlar. Emele gelen ýarany berk tikýärler.

**Dodagyň ýarçygyny kesip aýyrmak, agyz bosagasynyň çekip duran berçik, muskul ýerlerini aýyrmak.** Ýokarky we aşaky dodaklaryň ýarçyklary gysga bolanda aýrylyp-goýulýan diş gurnamalaryny berkitmekde kynçylyklar döreýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda hirurgik bejergi dürli hili bolup biler. Dodagyň ýarçygy giň we galyň düýbi bilen öýjükli ösüntginiň ýaýyna birleşende, onuň daşy boýunça süňk bardasyna çenli edip kesýärler. Emele gelen ýarada nemli bardany agyz bosagasynyň tutuş çuňlugyna süňk barda bilen bilelikde tikilýär (*261-nji a, b, ç suratlar*).



*a)* *b)* *ç)*

*261-nji a, b, ç suratlar.* Ýokarky dodagyň ýarçygyny kesip aýyrmak:
*a* – ýarçygyň ýokarky gyrasyny gaýçy bilen kesmek; *b* – ýarçygyň aşaky gyrasyny gaýçy bilen kesmek; *ç* – amaldan soňraky görnüş

Dodagyň ýarçygyny uzaltmak üçin diliň ýarçygyndaky amal ýaly garşylyklaýyn ýerleri çalşylýan üçburç kesim bölekleri bilen plastikany ulanýarlar. Dodagyň ýarçygyny uzaltmagy, esasan hem, ol öýjükli ösüntginiň ýaýyna giň we galyň düýbi bilen birleşende, aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň gyrasy bilen şikeslenip çişme ýagdaýy bolanda, ýarçygyň gyralary boýunça, esasy geçiş ýygyrdynda ýerleşen üçburç şekilli kesim bölegi bilen kesip aýyrýarlar, doly boşadýarlar we ony geçiş ýygyrdynyň töweregine tikýärler. Öýjükli ösüntgide emele gelen ýara ikilenç birleşme bilen bitýär (*262-nji a, b suratlar*).



*a)* *b)*

*262-nji a, b suratlar.* Aşaky dodagyň ýarçygyny aýyrmak amaly.
*a* – kesim geçirilýän çyzyklar;
*b* – iki sany üçburç görnüşli kesim bölekler döredilen, ýerleri çalşyrylan we tikilen

Agyz bosagasynyň ýeke ýerleşen çekip duran berçik ýerini, nemli bardanyň ýygyrtlaryny ozal beýan edilen garşylyklaýyn ýerleri çalşylýan üçburç kesim bölekleri arkaly plastika usuly bilen aýyrýarlar. Agyz bosagasynyň çekip duran giňişleýin berçiklerinde geçiş ýygyrdynyň ýeterlik derejede çuňlugyny gazanmak üçin berçigi kesmek ýa-da kesip aýyrmak arkaly amala aşyrýarlar (*263-nji a, b, ç suratlar*).




*263-nji a, b, ç suratlar.* Agyz bosagasynyň berçik ýygyrdyny keseligine kesmek we onuň ugry boýunça tikmek

Emele gelen ýaranyň ýüzüne ölçeg alyp ýasalan ýörite stens tokgasyna berkidilen bedeniň daşgyn ýerinden, meselem, garyn töwereginden alnan 1,5-2 *sm* ölçegdäki erkin derini goýýarlar we ony ýüpek sapak bilen tutuşlygyna nemli bardanyň gyralaryna berkidýärler. Ölçeg alyp ýasalan ýörite stens tokgasyny 9-11 günden aýyrýarlar, emele getiriji aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasyny käbir ýagdaýlarda şol wagt, başga ýagdaýlarda bolsa 4-5 günden soň geýdirýärler. Şeýle hem häzirki wagtda kentlewükden alnan nemli barda kesim böleginiň erkin geçirilmegini ulanýarlar.

**Diş öýjüginde kökleri goýmak boýunça hirurgik amal.** Äňleriň öýjükli ösüntgileriniň çökmeginiň öňüni almak üçin we aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasy ulanylanda, oňaýly şertleriň saklanyp galmagy üçin dişleriň köklerini öýjüklerinde galdyrmak maksadalaýykdyr.

Doly ýerli we rentgen barlag geçirilenden soňra, oňat petiklenen dişleri we kökleri diş etiniň gyrasyndaky kise 3 *mm*-den çuň bolmaz ýaly süňküň ýüzüne çenli kesýärler. Çuňňur kise bolanynda we diş etiniň göwrümi artykmaç ulalanda, etini kesip aýyrýarlar. Dokumalary boşadyşdyryp, nemli bardanyň we süňk bardasynyň kesim bölegi bilen kökleri doly ýapyp berk tikýärler. Dokuma ýetmezçiligi bolanda we öýjükli ösüntginiň ýaýyny täzeden gurnamaly bolanda nemli barda kesim bölegini erkin geçirmek mümkin.

### 13.8.3. Ortopedik bejerginiň öňünden geçirilýän başga hirurgik bejergi usullary

Ortopedik bejergini geçirmekde kynçylyklar dörände, meselem, süňk çökeninde we seýrek bolmadyk ýagdaýlarda dişleriň düşmegi, aýrylyp-goýulýan diş gurnamalaryň ulanylmagy, umumy keseller we ş.m. sebäpler netijesinde öýjükli ösüntginiň ýaýynyň we onuň aşagyndaky düýp süňküniň doly çökmeginde düýpli amal usullaryna ýüz urýarlar. Bu hadysalar aşaky äňde has güýçli ýüze çykýar.

**Beýik we giň öýjükli ösüntgi ýaýyny döretmek amaly.** Öýjükli ösüntginiň ýeterlik beýikliginde we ýeterlik däl giňliginde, şeýle hem onuň düýpli bozulmalarynda – ýiti gyrasy bolanda, süňküň çökmegi netijesinde öýjükli ösüntgi



*264-nji surat.* Aşaky äňiň öýjükli ösüntgi gerşini giňeltmek: *a* – öýjükli ösüntgi gerşiniň amaldan öň görnüşi; *b* – biologik madda salnanyndan soň görnüşi

ýaýynyň äňdäki düýbüne çenli doly ýetende, çylşyrymly süňk-plastika geçirýärler. Köplenç, amallary öz süňki bolan ýanbaş süňküň kekeçjigini, şeýle hem osteoplastiki serişdeleri ulanyp (*264-nji surat*) we olary bilelikde ulanyp, süňk plastikasyny geçirýärler.

**Aşaky äňi beýgeltmekligi** öz gapyrgasyndan alnan göçürip getirilen dokuma bilen geçirmek bolar. Munuň üçin 15 *sm* uzynlygy bolan iki bölek öz gapyrgasyny alýarlar: onuň birine diş hatar ýaýynyň görnüşini berip, süňküň ýüzüne goýýarlar; beylekisini owradýarlar we onuň böleklerini birinji göçürip getirilen dokumanyň gapdallaryna goýýarlar. Göçürip getirilen dokumany äň düýbüne aýlaw sim tikini bilen berkidýärler. Bu usul ýeterlik derejede çylşyrymly bolup durýar, näsagyň ýaşyna görä, hemişe gabat gelip durmaýar we aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ulanmak 3-5 aýdan soň mümkin bolýar.

Aşaky äň has köp çökmeginde onuň döwülmek howpy sebäpli süňk plastikasyny äň süňküniň esasy boýunça geçirmeli bolýar. Amal ýokarda getirilen usul boýunça geçirilýär, amal ýoluny agyz bosagasynda geçirilen kesim bilen döredýärler. Öz bedeniniň başga ýerinden alnan erkin süňk bölegini, sim süňk tikini bilen berkidýärler. Emma käbir lukmanlaryň bellemeklerine görä, bu usul aýrylyp-goýulýan diş gurnamasy üçin şertleri gowulaşdyrmaýar, emma aşaky äň döwülmeginiň öňüni almaga ýardam berýär.

Aşaky äň plastikasynyň aýaklyja kesim bölegi bilen usullarynyň dürli görnüşleri bar. Olaryň biri boýunça aşaky äňi öňden yza dikleýin edip kesýärler we onuň agyz boşluk tarap bölegi birleşen dokumalary bilen dilasty töwerekde galar ýaly, agyz bosaga bölegi bolsa aşak süýşer ýaly edýärler. Emele gelen süňk bardaly – nemli barda boşlugyny osteoplastiki serişdeler, öz beden süňküniň owuntyklary bilen doldurýarlar. Äň süňküni keseligine kesip aşaky äňi ulaltmak bolar, ýokarky bölegini ýokaryk galdyryp, onuň arasynda emele gelen boşlugy bolsa gidroksiapatit we owradylan öz süňki bilen doldurýarlar.



*265-nji surat.* Aşaky äňiň öýjükli ösüntgi gerşini beýgeltmek (biomadda girizmeklik bilen)

Äň süňküni beýgeltmegiň iň ýönekeý usuly osteoplastiki serişdeleri ulanmak usulydyr. Aşaky äň öýjükli ösüntgisiniň has çöken ýagdaýynda öýjükli ösüntgi

ýaýynyň ugry boýunça iki tarapdan hem birmeňzeş, gyýak ýa-da birinji kiçi azynyň ýerinde süňke diräp nemli bardany kesýärler. Äň şahalaryna çenli süňk bardasty geçelge döredýär we onuň içini islenilýän beýiklik, giňlik we öýjükli ösüntginiň görnüşi döredilýänçä osteoplastiki serişdeler bilen dolduryarlar. Ýaralary düwünli tikinler bilen tikýärler. Öýjükli ösüntginiň görnüşini saklamak we agyz boşlugynyň bosagasyny döretmek üçin amaldan soňky döwürde (8-10 gün) seýik ulanmak maslahat berilýär (*265-nji surat*).

**Ýokarky äňi beýgeltmek** aşaky äňe garanyňda seýrek gerek bolýar. Emma süňk has güýçli çökende we degerli görnüşde kentlewük gümmezi bolmanynda onuň öýjükli ösüntgisini beýgeldýärler. Amalda näsagyň öz gapyrgasyndan alnan süňk bölegini ulanmak bolýar. Bu amal aşaky äňi beýgeltmek usulyndaky ýaly geçirilýär: ýokarky äň öýjükli ösüntgi bölegini Le For I boýunça (aşaky dereje) kesýärler we onuň bu bölegini aşak süýşürýärler, süňk bardaly – nemli barda boşlugyny owradylan öz süňki (ýanbaş süňküniň kekeçjigi ýa-da gapyrga) bilen dolduryarlar. Öýjükli ösüntgi süňküni äň bedenine we duluk süňküne sim düwni, nurbatlar ýa-da nurbatly kiçi plastinalar bilen berkidýärler. Emma munuň ýaly amallardan soňra ýene-de süňk çökmek ýagdaýy bolup bilýär we amaly gaýtadan geçirmek gerek bolýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda näsag aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny uzak wagtlap ulanyp bilmeýär.

Ýokarky äňi osteoplastiki serişdeleriň kömegi bilen beýgeltmek amaly has ýönekeýdir we netijelidir. Ony geçirmegiň usuly osteoplastiki serişdeler bilen aşaky äň plastikasyndaky ýalydyr. Öýjükli ösüntgi ýaýynyň orta çyzygy boýunça diňe bir kesim geçirýärler. Süňk bardasty zolak şekilli geçelge boşlugy ýokarky äň öň tarapy boýunça döredýärler. Onuň içine ýeterlik mukdarda madda salnandan, öýjükli ösüntginiň ýeterlik beýikligi we ini döredilenden soňra 7 gün seýik geýdirýärler, seýigi simler bilen asmak arkaly (duluk süňküň ýaýyna, gözhananyň daş gyrasyna ýa-da armyt şekilli deşigiň gyrasyna) ýa-da kentlewük süňk içre nurbatlar arkaly berkidýärler. Munuň üçin öýjükli ösüntginiň täze görnüşine uýgunlaşdyryp köne aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ulanmak bolar.

Ýokarky äň öýjükli ösüntgisi çökende, aýratyn hem, aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň yzky böleklerinde ýeterlik daýanç meýdany bolmadyk ýagdaýynda, ýokarky än güberçeginiň plastikasyny geçirýärler. Öýjükli ösüntginiň ýaýy boýunça ganatkentlewük ýygyrdynyň ýokarky nokadyna çenli süňk bardaly – nemli barda kesim bölegini serpikdirip, ýokarky äň güberçegini açýarlar we ganat şekilli ösüntginiň gapdal plastinasynyň artykmaç bölegini çapgyç bilen goparýarlar hem-de ony ganat şekilli ilgençek bilen bilelikde yza süýşürýärler. Emele gelen çuňluga kesim böleginiň uç-gyrasyny salýarlar. Ýaranyň ýüzüni kseroformly hasa bilen örtýärler. Ýara ikilenç birleşme bilen bitýär, aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň berkitmek üçin amatly şertler döreýär.

**Aşaky äň öýjükli ösüntgi ýaýynyň beýikligini artdyrmak** üçin ýumşak dokumalarda geçirilýän hirurgik usullar hem netijelidir. Olaryň biri dilasty töwe-

rekde döredilen nemli barda kesim bölegi bilen plastika arkaly agyz boşlugynyň girelgesini çuňlaşdyrmak bolup durýar. Amaly aşaky äň öýjükli ösüntgisiniň merkezi böleginiň ýeterlik beýikligi (azyndan 15 *mm*), dil tarapdan ýeterlik çuňlugy we agyz bosagasynyň, şol sanda muskullaryň we nemli bardanyň çekip duran ýerleri sebäpli ýeterlik däl çuňlugy bolanynda geçirmek görkezilen.

Öýjükli ösüntginiň ýaýyna ugurdaş bolan 3-4 *sm* uzynlykdaky kesimler arkaly iki sany nemli barda kesim bölegini döredýärler: biri aşaky dodagyň we geçiş ýygyrdyň töweregindе öýjükli ösüntginiň daş tarapy, beýlekisi bolsa, onuň gerşi we dilasty töwerege geçirip iç tarapy boýunça döredilýär. Dodakda döredilen kesim bölegi ýeterlik derejede oňat goparylyp, boşadylyp, çuňlaşdyrylan geçiş ýygyrdyna tikilýär, beýleki kesim bölegini hem oňat boşadyp we çekdirip öýjükli ösüntginiň daş tarapynda emele gelen ýarany ýapmak bilen tikýärler. Dokumalary ýörite ýasalan ýumşak gatlagy bolan seýik bilen ýa-da ýumşak gatlagy bolan köne aýrylyp-goýulýan diş gurnamasy bilen berkidýärler. Köne aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnama ulanylanda, mümkin boldugyça çuň agyz bosagasyny emele getirmek üçin ol täzeden işlenilmelidir. 3-4 hepde geçeninden soňra ortopedik bejergisine girişmek bolar.

Öýjükli ösüntgi has güýçli çökende, haçanda agyz bosagasy, öýjükli ösüntginiň ýaýy we dilasty töweregiň dokumalary bir tekizlikde ýerleşenlerinde we aýrylyp--goýulýan diş gurnamasyny berkitmek üçin şert bolmanynda dürli görnüşlerdäki Obwegezeriň usulyndan peýdalanylýar. Ol agyz bosagasyny we agyz boşlugyny artdyrmagy göz öňünde tutýar. Munuň üçin ýerli we rentgen surat maglumatlara baha bermek gerek. Öýjükli ösüntgi bölegi azyndan 15 *mm* beýiklikde bolmalydyr. Ilkibaşda bedeniň tüýsüz ýerinden alnan, azyndan 0,4 *mm* galyňlykdaky gatlaga bölünen erkin deri kesim bölegini taýýarlaýarlar. Soňra öýjükli ösüntgi ýaýy boýunça kesim geçirýärler we ýumşak dokumalar we muskullar bilen bilelikde (adatça, äň-dilasty muskuly we eňek-dil muskulynyň ýokarky bölegini tutuş goparýarlar) süňk bardaly – nemli barda kesim bölegini döredýärler. Olary äň bosaga we dil taraplaryndan goparýarlar we düýbüniň ýanyna tikýärler. Äň açyk ýerine erkin geçirilýän deri kesim bölegini ýazyp goýýarlar hem-de ony äň süňküniň daşyndan aýlanýan tikinler bilen berkidýärler, seýik bilen sakladyp goýýarlar. Seýigiň gyralarynyň aşaky äň ýanynda agyz bosagasynyň hemme ýerlerinde hem iň bir çuň ýerlerine-de ýetmekligine üns bermek gerek. 7 gün geçeninden soňra aýlaw tikinleri aýyrýarlar. Soňra sargy çalşygyny günaşa, arassaçylyk çärelerini bolsa her gün geçirýärler. Aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ýasamaklyga 3-4 hepdeden başlaýarlar.

**Eňek nerwini süýşürmek.** Aşaky äň öýjükli ösüntgi bölegi has güýçli çökende eňek deşiginden çykýan damarly-nerw dessejigi diş ýaýynyň deňesine gelip biler. Munuň ýaly ýagdaýlarda aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ulanmak, köplenç, agyry döredýär. Eger adaty çäreler, aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň gyrasynyň

gyrlyp aýrylmagy peýda bermese, onda eňek nerwini süýşürmek amaly görkezilen. Öýjükli ösüntgi ýaýy boýunça 4 *sm* uzynlykda, käwagt bolsa öň tarapynda dik kesim geçirýärler. Burç şekilli süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini serpikdirýärler. Damarly – nerw dessejigini boşadýarlar. Dik ugur boýunça süňk bölegi aýryp, nerwi aşak süýşürýärler we döredilen joýajyga ýerleşdirýärler. Eňek nerwini süňküň aýrylan daşky gatlagy bilen ýapýarlar. Eňek nerwini ýapmak üçin biologik maddalary hem ulanmak bolar.

**Agyz bosagasynyň nemli bardasty dokumasynyň plastikasy.** Ýokarky äň öýjükli ösüntgisiniň has güýçli çöken ýagdaýynda we onuň beden bölegi bar bolanda, aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny berkider ýaly oňaýly şertler döretmek üçin nemli bardasty dokuma bilen agyz boşlugynyň bosagasynyň plastikasyny geçirýärler (Obwegezer boýunça). Munuň ýaly amaly geçirmek üçin ýokarky dodagyň we agyz boşlugynyň bosagasynyň ýeterlik möçberde nemli bardasynyň bolmagy hökman şertdir. Agyz boşlugynyň bosagasynyň merkezinde nemli barda boýunça dik kesim geçirilýär we ony nemli bardasty dokumadan goparýarlar. Soňra merkezde süňk bardany kesýärler we onuň daş ýüzi boýunça süňk bardasty geçelge döredýärler (aşaky äň iki tarapy boýunça hem). Nemli bardasty dokumany kesip aýyrýarlar ýa-da ony aýaklyja kesim bölegi bilen bilelikde ýokaryk süýşürýärler. Äňe seýik ýa-da oňaýly edilip işlenilen köne aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny geýdirýärler, ony bolsa kentlewük nurbaty ýa-da sim tikinler bilen asmak arkaly berkidýärler. Agyz boşlugynyň bosagasynyň çuň edilip emele getirilmegine üns bermelidir. Ýara bitenden soňra (3 hepde geçirip) aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ýasamaga girişýärler.

**Ýokarky äň ýanynda agyz bosagasynyň erkin geçirilen nemli barda ýa-da deri kesim bölegi bilen plastikasy.** Agyz boşlugynyň bosagasy aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny degerli berkitmek üçin ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, ýokarky dodagyň nemli bardasy ýeterlik bolmasa, onuň nemli bardasty dokuma bilen plastikasy bolsa dodagyň gysgalmagyna getirip biljek bolsa, agyz bosagasynyň erkin geçirilen gatlaga bölünen deri kesim bölegi bilen plastikasyny geçirmek görkezilen. Erkin geçirilen deri kesim bölegini agyz bosagasynyň geçiş ýygyrdy boýunça döredilen ýara ýerleşdirýärler, şeýle hem nal görnüşinde edilip kentlewükde döredilen erkin nemli barda kesim bölegini ulanmak bolar. Munuň ýaly ýagdaýlarda kentlewükde nemli bardasyz süňk bardaly ýara açyk galýar we ol ikilenç birleşme bilen bitýär. Hemme ýagdaýlarda seýik ýa-da aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny geýdirýärler we olary sim tikinler bilen asmak ýa-da kentlewük nurbaty arkaly berkidýärler. 4 hepde geçenden soňra aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ýasamaga girişýärler. Üçünji usul boýunça plastika geçirilende, ýarany açyk goýup, özüniň bitmegi gazanylanda, amaldan soňraky döwür has uzak bolýar (6-8 hepde) we şol sebäpli-de aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ýasamagy has giçki döwürlerde amala aşyrýarlar.

**Öýjükli ösüntgi bölekleriniň hirurgiýasy.** Seýrek bolmadyk halatlarda birnäçe diş bolmadyk ýagdaýlarda garşydaş dişler üçin ýer ýetmezçiligi bolup bilýär. Şeýle ýagdaýlarda öýjükli ösüntgi bölegini kesmek we ony gerekli ugra süýşürmek görkezilen. Amalyň meýilnamasy ýerli we rentgen surat maglumatlaryň, şeýle hem gaty nusgalaryň derňewi esasynda düzülýär.

Gaty nusgalarda amalyň äň gurluşy boýunça we hasap ölçegleri bellenilýär.

Ortoped-stomatolog lukman gaty nusgalarda we olaryň okklýudatorda berkidilen ýagdaýynda amalyň öňünde duran wezipeleri kesgitleýär. Nemli barda we süňk barda kesilenden soňra, süňküň kesilmeli ýerinden gapdala süýşüp ýörite kesgiç bilen öýjükli ösüntgi bölegini kesýärler, ony gerekli ýagdaýda goýýarlar we süňk tikinleri, nurbatlary bilen berkidýärler. Öýjükli ösüntgi bölegi bilen äň bedeniniň arasynda emele gelýän boşlugy osteoplastiki serişdeler ýa-da başga biologik madda bilen doldurýarlar. Süňk bardaly – nemli barda kesim bölegini ýerine goýýarlar we düwünli tikinler bilen tikýärler.

Dişsiz äňleriň süňk gyşarmalaryny düzetmegi süňki kesmegiň düzgünleri boýunça geçirýärler. Süňk kesmek usuly bolsa gyşarmanyň häsiýetine we aýrylyp-goýulýan diş gurnamasynyň meýilleşdirilişine bagly bolup durýar.

# XIV BAP DIŞ WE ÄŇ-ÝÜZ IMPLANTASIÝASY

Implantasiýa häzirki wagtda ulanylýan görnüş bölünişigi boýunça eksplantasiýalara degişli edilýär, emma amaly we ylmy işde implantasiýa adalgasy ulanylýar we ol biologik däl maddalary (gurnamalary we ş.m.) adam bedenine birleşdirmegi göz öňünde tutýar. «Implantasiýa» adalgasy, esasan, diş we emeli dişler babatda ulanylýar.

Hirurgik stomatologiýada implantasiýany şertleýin diş we äň-ýüz görnüşlere bölmek bolar.

Implantasiýanyň uzak taryhy bar we onuň dürli döwürlerdäki ösüşi dürli zatlaryň ulanylmagy bilen baglanyşykly.

Bedene berkidilýän, birikdirilýän maddalaryň – metallaryň, plastmassalaryň we ş.m. fiziki, himiki we biologik häsiýetleri süňke birikmeleriniň we dokumalar bilen bitişmekleriniň, köplenç, islenilişi ýaly bolmazlygyny kesgitläpdirler, amallaryň kemçilikleriniň we şowsuzlyklarynyň sebäbi bolupdyrlar. Bu hem hirurgik stomatologiýanyň amaly işine köp ýyllaryň dowamynda implantasiýa usulyny girizmeklige ýol bermändir. XX asyryň 40-njy ýyllaryndan soňra bir tarapdan äň-ýüz implantasiýasy boýunça (plastikada, şikesde), beýleki tarapdan bolsa diş implantasiýasy boýunça düýpli işler peýda boldy.

Diş (diş – süňk içre), nemli bardasty, süňk bardasty, süňk içre, süňküň tutuş içi boýunça geçýän we utgaşykly implant görnüşleri bar. Diş-äň ulgamynda, ýüz we beýni kelleçanakda berjaý edýän işi boýunça implantlaryň dolduryjy, daýanç, daýanç-dolduryjy, maýyşgak ulgamy bilen we maýyşgak ulgamsyz görnüşleri bar.

Biologik sygyşyklylyk häsiýetleri boýunça implantlar biotolerant (poslamaýan polat, kobalt-hrom ergini), bioinert (alýuminioksid keramikasy, uglerod, titan, titanyň nikelidi) we bioaktiw (üç kalsiý-fosfat, osteoplastiki serişdeler, aýnakeramika) maddalardan bolup biler.

Stomatologiýada diş implantasiýasy has giň ýaýrandyr. Günbatar döwletlerinde diş implantasiýasy 40 ýyla golaý bäri giňden ulanylýar: geçen asyryň 60-njy ýyllarynda süňk bardasty implantlar, 70-nji ýyllarda düz we silindr görnüşli implantlar, 80-nji ýyllardan başlap süňküň içine salyp birikdirilýän implantlar giň gerim alan (*266-njy a, b, ç, d suratlar*).

Häzirki wagtda dişler bölekleýin we doly ýitirilende, çeýneýiş netijeliligini ýokarlandyrmak üçin süňk içre, süňk bardasty we süňküň aňyrsyna geçýän implantlary ulanýarlar. Olaryň içinde süňk içre implantlar has köp ulanylýar. Olaryň arasynda biri-birinden düýpli tapawutlanýan iki sany esasy görnüşi bar: R. Bronemarkyň hyrly implanty we L. Linkowyň düz implantlary. Ýyllar boýy implantasiýa üçin ulanylýan maddalaryň, olaryň görnüşleriniň we gurnamalarynyň kämilleşdirilmegi bolup geçdi. Häzirki wagtda implantlaryň görnüşleriniň we diş gurnama-

larynyň 100-den gowragy bellidir. Meselem, tegelek görnüşli implantlaryň arasynda nurbatly, silindr görnüşli, bütewi, boşlukly, guýguç görnüşli, öýjüksiz, üsti boýunça ganawjyklar, kesindiler, deşikler bolan, ýüzleý-öýjükli görnüşleri has giň ýaýrandyr.



*a)* *b)* *ç)* *d)*

*266-njy a, b, ç, d suratlar.* Silindr şekilli hyrly süňk içre implant (*a*) we onuň düzüm bölekleri: (*b* –gapajyk; *ç* –diş etini emele getiriji; *d* – agyz içre bölegi - abatment)

### 14.1. Diş implantasiýasyna bolan görkezmeler we garşy görkezmeler

Implantasiýa bolan esasy görkezme ortopedik bejerginiň adaty usullary bilen çeýneýiş netijeliligi we owadanlyk keşbi doly döredip bolmaýanlygydyr. Ol ýa-da beýleki görnüşli implanty saýlap almak agyz boşlugynyň ýagdaýyna bagly, onuň geljekdäki berjaý etmeli işi bilen kesgitlenilýär. Ortoped-lukman implanty saýlap alýar we ortopedik bejerginiň meýilnamasyny düzýär.

Şeýle hem diş implantasiýasyna bolan görkezmeler bedeniň umumy ýagdaýy we agyz boşlugynyň – dişleriň we nemli bardanyň ýagdaýy bilen kesgitlenilýär. Immun ýetmezçilik keselleri we ýagdaýlary, has takygy – beden tarapyndan ýokary duýgurlykly autoimmun we immunoproliferatiw alamatlar toplumlary, nesle geçýän keselleriň bolmagy implantasiýa garşy görkezme bolup durýar. Implantasiýa üçin ýüz tutup gelen adam barlanylanda we onuň bedeniniň umumy ýagdaýyna baha berlende ýaşyna, beden ulgamlarynyň kadalaşykly işine üns berýärler. Çişme keseller bolan halatynda näsagyň has doly barlagyny geçirýärler. Implantasiýa meselesi oňaýly çözülen ýagdaýynda näsagyň bejergisi geçirilýär. Bedeniň immunbiologiki ýagdaýyny kadalaşdyrmak gerek we görkezmeler bolanda onuň goranyş ukybynyň bozulmalaryna garşy bejergi geçirilýär. Diş sebäpli çişme ojaklaryny we gulak-burun-bokurdak synalaryny sagdynlaşdyrmaklyga aýratyn üns berilýär. Neşekeşlerde we ölemen çilimkeşlerde implantasiýany amala aşyrmak maslahat berilmeýär. Süňkleriň ulgamlaýyn we ýaşyna görä döreýän keselleri bolan näsaglara hem aýratyn üns bermek gerek. Näsagyň ruhy ýagdaýyny barlamak, onuň implantasiýa geçirmek üçin bildirýän talaplaryny bilmek, şeýle hem onuň bejerginiň hirurgik we ortopedik tapgyrlaryna uýgunlaşmak mümkinçiligini bilmek wajypdyr. Näsag şowşuzlyklar barada anyk maglumatlary bilmelidir; işjeňlik we owadanlyk mümkinçilikleri hasaba alyp, implantasiýany ýa-da onsuz bejergini saýlap almalydyr.

## 14.2. Implantasiýada anyklaýyş

Implantasiýa boýunça barlanylanda, diş-äň ulgamyna, rentgen suratlara we ortopedik nusgalara ýerli baha bermekden durýan anyklaýyş geçirilýär. Ýerli barlag geçirmek, äňleriň öýjükli ösüntgileriniň beýikligini we inini, aşaky äň akabasynyň ýerleşişini, ýokarky äň boşlugynyň ýerleşişini ölçäp kesgitlemek gerek. Dişleriň ýagdaýyna (olaryň akabalarynyň we boşluklarynyň petiklenilişiniň hiline), agyz boşlugynyň nemli bardasyna we dişleýşe aýratyn üns bermelidir.

Ýerli maglumatlaryň üsti rentgen barlaglar bilen ýetirilýär. Gözýetim şekilindäki, bir ugur boýunça alnan rentgen suratlar gerek, kompýuter tomografiýanyň görkezijilerine baha berilýär.

Ýerli we rentgen anyklaýşyň üsti bolsa äňleriň gaty nusgalaryna, şol sanda okklýudatorlara berkidilen gaty nusgalara baha bermek bilen ýetirilýär. Ortoped-lukmanyň ortopedik bejergini implantlary ulanyp geçirmek boýunça maslahatlaryna laýyklykda metal göjejigi bolan dişleýiş mum oklawjyklary ulanyp, rentgen barlagyny geçirmeli. Bu implantyň geljekde ýerleşişini, onuň görnüşini saýlap almaga ýol berýär. Gatlaklaýyn tomografiýa (3D suratlar) süňküň ýagdaýy barada has doly maglumat berýär, onuň ülňüsini döretmäge kömek edýär we ol boýunça implantyň ýerleşişini hem-de ortopedik enjamy – diş gurnamasyny meýilleşdirmek bolýar.

## 14.3. Implantasiýanyň esasy meseleleri

*Implantlaryň we süňküň özara täsiri.* Ähli implantlaryň ykbaly ony berkidilen daýanç süňküň uýgunlaşmasyna we durnuklylygyna baglydyr. Implant bilen süňküň özara gatnaşygynyň iki sany görnüşi bar we olar implantyň berjaý etmeli işini hem-de onuň uzak durmagyny kesgitleýär. Käbir halatlarda implantyň süňk bilen gönüden-göni ykjam birleşmesi döreýär (osteointegrasiýa), başga halatlarda implant we süňk birleşdiriji dokuma arkaly birleşýär (fibrointegrasiýa). Şunuň ýaly implanta degerli güýç düşeninde onuň yrgyldamasy örän az bolýar we ol ýeterlik derejede uzak hem-de öz berjaý etmeli işini oňat amala aşyryp biler. Şeýle hem düşýän güýjüň we başga sebäpleriň täsirleri bilen birleşdiriji dokuma bilen dolan boşluk ulalyp biler, bu bolsa diş gurnamasynyň yrgyldamagyna we diş etiniň kisesiniň döremegine, soňra bolsa implantyň gopmagyna getirýär.

*Biologik sygyşyklyk* implantyň bitmeginiň we onuň işini ygtybarly berjaý etmeginiň wajyp şertidir. Ol implantyň himiki häsiýetleri bilen kesgitlenilýär. Soňky ýyllar has gowy biologik sygyşyklyk titan, onuň alýuminiý we wanadiý bilen erginlerinde, kobaltyň, hromuň we molibdeniň (guýmak üçin) erginlerinde, biokeramika ulanylanda ýüze çykaryldy. Ulanylýan maddalaryň himiki arassalygy dokumalaryň implantasiýa arkaly berkidilýän diş gurnamasyna jogap täsirini we onuň geljekki berjaý etmeli işiniň möhletini kesgitleýär.

*Arassalanyp zyýansyzlandyrylmagyň* (amalyň usulyny berjaý etmek, gurallaryň we ulanylýan serişdeleriň zyýansyzlandyrylmagy, zyýansyzlandyrylan ellik-lerde işlemek, agyz boşlugynyň ykjam arassalanylmagy we onuň soňraky arassaçylygy we ş.m.) implantasiýanyň üstünlikli geçmegi üçin köp ähmiýeti bardyr.

*Implantyň ýanynda örtgi dokuma kisesiniň emele gelmegi.* Implantasiýa geçirilende, implantyň öýjükli ösüntginiň içindäki we daşyndaky bölekleriniň araçägindäki nemli bardanyň ýagdaýyna aýratyn üns bermek gerek. Berk durup öz işini berjaý edeninde implantlarda zeperlenmedik sagdyn dişleriň diş etiniň ganawjyklaryna derek kise döremegine päsgelçilik berýän dykyz birleşdiriji dokuma emele gelýär. Implantlaryň ortopedik diş gurnamalarynyň çäginde öz işini berjaý edeninde bellibir artykmaç güýç görmegi, agyz boşlugynyň päkize bolmazlygy we başga sebäpler, süňküň ýitmegine, diş etine çişme hadysanyň goşulmagyna we kisäniň emele gelmegine getirýär. Diş etiniň kisesi, köplenç, düz implantlarda, seýrek halatlarda silindr görnüşlerde emele gelýär. Kise döremek howpunyň gönüden-göni baglylygy bar: gönüden-göni ykjam süňk birleşmesine garanyňda olaryň birleşdiriji dokuma arkaly birleşmesinde ol ýokarydyr. Diş etiniň kiseleri, köplenç, süňk bardasty implantlarda emele gelýär.

*Dişleýiş* implantyň işine, onuň durnuklylygyna we uzak durmagyna gönüden-göni täsir edýär. Implantlaryň gurnamalary degerli güýji we onuň ugruny kabul etmelidir. Şonuň üçin hem ortoped-lukman bejerginiň ortopedik tapgyrynda dişleýiş güýçlerini we olaryň ugruny öňünden görmelidir. Diňe şeýle ýagdaýda süňküň, implantyň we ortopedik diş gurnamasynyň işlerini berjaý edişleriniň dogry özara gatnaşygy üpjün edilip bilner.

*Implantyň gurnamasyny saýlamak* implantasiýanyň gerekligine güwä geçýän umumy we ýerli ýagdaýyň maglumatlarynyň, goşmaça barlag usullarynyň netijelerine esaslanmalydyr.

Implantasiýada döreýän ýerli ýagdaýlaryň biri-de, bir dişiň ýitirilmegidir. Bu ýagdaýda öýjükli ösüntgidäki ýa-da öýjükli bölekdäki süňk ýetmezçiligi ýa-da kemtigiň gyralary boýunça iki dişiň arasyndaky ýeriň az bolmagy bolup biler. Emma kemtigiň gyralaryndaky dişleri emeli diş gurnamasyna goşman bolýanlygy, aýrylyp-goýulýan kiçi diş gurnamasynyň kemçilikleri, implantasiýany wajyp edip goýýar.

Degerli daýanjynyň ýoklugy üçin adaty aýrylyp-goýulýan diş gurnamasyny ulanyp bolmaýan uly dişsiz araçäkleriň bolmagy hem implantasiýany ulanmaga bolan görkezmedir.

Dişleriň bolmazlygy we doly aýrylyp-goýulýan diş gurnamasy ulanylanda, käbir ýerli ýagdaýlaryň döremegi (ýerinden gopmagy), käbir hünärdäki adamlarda (aýdymçylar, sungat we medeniýet işgärleri, mugallymlar we başg.) implantasiýany geçirmäge bolan görkezmedir. Şunuň ýaly halatlarda ýerli ýagdaýlara baglylykda implantlar aýrylmaýan diş gurnamasynyň daýanjy bolup ýa-da aýrylyp--goýulýan diş gurnamasynyň berkidilişini gowulandyryp we durnuklaşdyryp biler. Implantlaryň we olaryň gurnamalarynyň köpsanly görnüşleriniň bardygyny nazara

alyp, olaryň ol ýa-da beýleki görnüşi saýlanylyp alnanda, ýaşaýjylaryň mahabatlary boýunça ugur alynman, eýsem, gönüden-göni näsagyň anyk ýagdaýyndan ugur alynmalydyr. Ilkinji nobatda, näsaglaryň ýasalýan maddalaryň düzümine duýgurlygyny göz öňünde tutmaly. Ýerli ýagdaýy we süňküň kiçelmek derejesi, äňleriň özara dişleýiş gatnaşyklary, aşaky äň nerw ulgamynyň, ýokarky äň boşlugynyň we burun boşlugynyň ýerleşişi, bar bolan dişleriň we nemli bardanyň, şol sanda onuň galyňlygynyň ýagdaýy ýaly görkezijileri hem göz öňünde tutmak gerek. Bu şertlere baglylykda implantyň görnüşi saýlanyp alynýar.

Bulardan başga-da, diş gurnamasynyň geljekki berjaý etmeli işine baglylykda implantlaryň sany, onuň gurnamasynyň görnüşi (kellejikleriň, daýanç germewleriň, eginleriň sanlary we ş.m.) baradaky mesele çözülýär.

### 14.4. Süňk içre implantasiýa

Geçen asyryň 50-60-njy ýyllarynda diş implantasiýasy boýunça düýpli işler peýda boldy we bu usulyň stomatologiýada ulanylmagy başlandy. Implant ulgamlarynyň biri-birinden düýpli tapawutlanýan iki görnüşi: R. Bronemark tarapyndan teklip edilen hyrly implantlar we L. Linkow tarapyndan teklip edilen düz implantlar bar.

#### 14.4.1. Düz implantlar

Düz implantlar, köplenç, bir bütewi gurnama, kähalatlarda ýygnalýan görnüşde: süňk içre bölekden, bedenden, boýunjykdan we öýjükli ösüntginiň daşyndaky kellejikden ýa-da kellejiklerden durýar. Implantyň bedeniniň dürli görnüşdäki gurnamasy bolup bilýär. Implant kese kesim boýunça gönüburçly görnüşde bolup, onuň beýikligi 8-den 15 *mm*-e çenli, uzynlygy 15-30 *mm* bolýar. Düz implantlaryň artykmaç tarapy implantasiýada ikinji daýanç edip näsagyň öz dişlerini ulanyp bolýanlygyndadyr. Mundan başga-da, implantyň ýuka bolmagy ony öýjükli ösüntginiň çöken ýagdaýynda we uly bolmadyk ini bolanynda ulanmaga ýol berýär. Implantyň bedeni öýjükli ösüntginiň görnüşine gabatlaşdyrmak üçin egreldilip bilner: aşaky äň nerwi, ýokarky äň boşlugyna geçmezligi üçin gyrlyp kiçeldilip bilner. Dişleýşe baglylykda daýanç dişlere ugurdaş bolar ýaly edip, implantyň boýunjygyny we agyz boşlugyna çykýan bölegini egreltmek maslahat berilýär. Implantyň kellejigine (ýa-da kellejiklerine) bellibir görnüş berlip bilner we köplenç, gerek bolan äňara aradaşlygy döretmek üçin onuň beýikligi peseldilýär.

*Düz implantlary berkitmek amaly* aşakdaky ýaly amala aşyrylýar. Öýjükli ösüntginiň gerşiniň nemli bardasy we süňk bardasy boýunça kesim geçirýärler. Äňleriň öýjükli ösüntgisiniň iki tarapy boýunça hem süňk bardaly-nemli barda kesim böleklerini serpikdirýärler. Diş gyrylýan gurallar bilen süňkde yş görnüşinde boşluk – im-

plant üçin süňküň içinde ýer döredýärler. Diş gyrylýan enjam bilen süňkde işlenilende zyýansyzlandyrylan natriý hloridiniň fiziologik ergini bilen süňki sowatmak hökmandyr. Süňkde degerli taýýarlyk geçirilenden soňra, implanty ýerine salýarlar we ýeňiljek urgy arkaly ony süňkde gerek bolan ýagdaýda berkidýärler. Soňraky süňk bilen birikmegi üçin implantyň berk we durnukly berkidilmegi wajypdyr. Munuň üçin käwagt süňküň gabyk gatlagyny diňe implantyň boýunjygynyň we bedeniniň bir egniniň deňesinde gyryp aýyrýarlar, süňküň öýjükli böleginde bolsa implantyň bedeniniň tutuş uzynlygy boýunça ýer döredýär. Implanty döredilen ýere salyp, onuň ikinji egnini ýeňil urgy bilen süňke berkidýärler. Süňk bardaly-nemli barda kesim böleklerini ýerlerine goýýarlar we boýunjygyň ýanynda onuň gyrajygyny kesip aýyrýarlar. Tikin goýýarlar we olary 7-8 gün geçenden soňra aýyrýarlar. Diş gurnamasyny gutarnykly berkitmegi amaldan 4-6 hepde soňra amala aşyrýarlar. Diş gurnama berkidilende, onuň has ykjam bolmagyna üns berýärler. Bu süňkde bitmek hadysalarynyň geçmegi üçin wajyp şert bolup durýar.

Köpsanly alym lukmanlar düz implantlaryň kemçiligine süňkde implant üçin ýer döredilmegi netijesinde emele gelýän süňk kemtigini degişli edýärler. Mundan başga-da, olar düz implantlaryň süňk bilen göni däl galtaşykda bolýandygyny we onuň süňk bilen birleşdiriji dokuma arkaly birleşmegine getirýändigini belleýärler. Birleşdiriji dokuma arkaly birleşmek çeýneýiş güýji netijesinde implantyň durnuklylygyny bozýar, onuň netijesinde döreýän yrgyldy bolsa silindr şekilli implantlaryňka garanyňda has güýçli bolýar diýip belleýärler. Bu sebäp bolsa implantyň we tutuş diş gurnamasynyň ömrüniň uzak bolmazlygyna getirýär. Muňa garamazdan, düz implantlar bilen 30-35 ýyl iş tejribesi bolan L. Linkow we Ç. Waýs olaryň ýokary netijeliliginiň we durnuklylygynyň bardygyny belleýärler. Ç. Waýs implantlaryň süňk içre tarapynda prizma şekilli boşluklar döretmegi teklip eden we beýle ýagdaýda onuň süňk bilen ykjam birleşýändigini ýüze çykaran.

Düz implantlary diş hatarlarynyň çetki gutarýan kemtiginde we diş hatarlarynyň başga kemtiklerinde ýekeden (bu jedelli bolup durýar we iki sanysyny we birnäçesini goýmagy hem teklip edýärler) goýulýar, olar zeperlenmedik dişler bilen bir hatarda daýanç hökmünde ulanylýar.

### 14.4.2. Silindr şekilli implantlar

Silindr şekilli implantlar dürli görnüşli – hyrly, tutuşlaýyn, boşlukly, guýguç şekilli, ýüzünde ganawjyklary, gädikleri, deşikleri bolan, örtükli görnüşlerde bolýar. Implant kök böleginden, boýunjykdan we öýjükli ösüntgiden daşyna çykýan böleklerden durýar. Olar, köplenç, sökülýän bolýar we ulanylýan usulyna baglylykda goşmaça bölekleri berkidiji towlawaç, kellejik, dyky, maýyşgak-özen, birleşdiriji towlawaç ulanylyp bilner. Implantyň ýogynlygy 3,5 *mm*-den 5,5 *mm*-e çenli, beýikligi bolsa 7-20 *mm* bolýar.

Esasan, iki tapgyrda goýulýan silindr şekilli implantlary ulanylýar. Silindr şekilli implantlary bir diş ýitende ýeke-täk görnüşde, birnäçe diş ýitende toparlaýyn goýulýar, aýrylyp-goýulýan diş gurnamalary üçin daýanç hökmünde ulanýarlar (*267-nji*, *268-nji a, b suratlar*). Silindr şekilli implantlaryň süňk bilen ykjam birleşýänligi (osteointeg-rasiýa) we ortopedik gurnamalar üçin uzak wagtlap hyzmat etmäge ukybynyň barlygy ýüze çykarylan.



*267-nji surat.* Köpri görnüşli emeli diş gurnamanyň daýanjy hökmünde ulanylan silindr şekilli hyrly süňk içre implantlaryň rentgen suraty



*a)* *b)*

*268-nji a, b suratlar.* Silindr şekilli implantyň ulanylyşy:
*a* – bir diş ýiteninde ulanylan implantyň agyz boşlugyndaky görnüşi;
*b* – ulanylan implantyň rentgen suraty

Öýjükli ösüntginiň içinde galýan we daşyna çykýan bölekleriniň arasynda maýyşgak ulgamy bar bolan silindr şekilli implantlar näsagyň öz dişleri bilen bilelikde ortopedik diş gurnamasyna garanyňda has gowy netijeler berýär. Her bir implantlar ulgamy ony süňke salmak we süňkde berkitmek üçin ýörite gurallar toplumy bilen üpjün edilen, bu hem implantlaryň dürli ulgamly görnüşlerini amaly işde ulanmaklyga itergi berýär. Bu lukmanlaryň dürli görnüşli implantlaryň artykmaçlyklaryna we kemçiliklerine bellibir derejede bir taraplaýyn baha bermekleriniň sebäbi bolup durýar.

**Silindr şekilli implantlary ulanyp geçirilýän amallar.** Öýjükli ösüntginiň gerşiniň implant salynmaly ýerinde kesim we süňk bardaly-nemli barda kesim böle-

gi goparylýar ýa-da diş etiniň uly bolmadyk ýeri kesilip aýrylýar. Köplenç, süňkde, implant üçin ýer döretmek üçin yzygiderlilikde ulanylýan dürli ýogynlykda bolan 4 sany süňk gyrýan guraly ulanýarlar, soňra bolsa implanty towlap ýa-da ýöne salýarlar. Bu gurallar bilen süňkde işlenende, natriý hloridiniň fiziologik ergini bilen sowatmak gerek. Käbir ýagdaýlarda süňküň gabyk gatynda deşikler döredilenden soňra dürli ölçeglerdäki çapgyjyň we çekijiň kömegi arkaly el bilen işleýärler. Käbir ýagdaýlarda süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini ýerine goýýarlar we implantyň üstünden tikýärler, başga ýagdaýlarda bolsa implantyň agyz boşlugyna çykyp duran bölegi dykyjyk, ýörite nurbat, kellejik bilen ýapylýar. Aşaky äňde 3-4 aý we ýokarky äňde 4-6 aý geçenden soňra implantasiýanyň ikinji tapgyry geçirilýär. Bu ýagdaýda bir usul boýunça implantyň tikilen ýokarsyny açýarlar we daýanç kellejigi towlaýarlar, ortopedik diş gurnamasyny taýýarlaýarlar we wagtlaýyn 2-3 hepdäniň dowamynda kellejiklerde wagtlaýyn emeli synany-gapajygy berkidýärler, soňra bolsa hemişelik dişi berkidýärler. Ikinji usul boýunça implantyň agyz boşlugyna çykyp duran bölegini dykyjyk görnüşinde ýörite nurbada, maýyşgak-özene çalyşýarlar we soňra wagtlaýyn we hemişelik ortopedik gurnamany berkitmek bilen bejergi geçirýärler. Köpsanly hünärmenler ikitapgyrly birinji usuly ulanýarlar, sebäbi silindr şekilli implantyň agyz boşlugyna çykyp duran bölegi köp kynçylyklary, iriňlemegi, süňk resorbsiýasy, kise emele gelmegi we örtgi nemli bardanyň ösmegi ýaly gaýrüzülmeleri döredip bilýär.

### 14.5. Süňk bardasty implantlar

Süňk bardasty implantlar äňleriň öýjükli ösüntgisine ýa-da öýjükli ösüntgisine we bedenine daýanýan gurnama bolup durýar. Süňk bardasty implantlary äň öýjükli ösüntgisi has köp çökende, haçanda doly aýrylyp-goýulýan emeli diş gurnamasy bilen ýeterlik derejede çeýneýşi üpjün edip bolmaýan ýagdaýynda ulanýarlar. Süňk bardasty implantlaryň bölekleýin we doly görnüşleri bar. Implant kellejikden, boýunjykdan hem-de agzyň iç we daş şahalar görnüşindäki daýanç bölekden, şeýle hem durnuklaşdyryjy we berkidiji ýerlerden durýar. Implant süňküň köp ýerine daýanmak bilen süňk bardadan döreýän dykyz birleşdiriji dokuma arkaly süňk bilen birleşýär. Diş eti boýunça tutuş geçýän gazyklar implantyň gurnamasynyň öýjükli böleginden başlap diş eti boýunça geçýär we nurbatlar (burawlar), ilgençekler we başga görnüşde berkidilýän aýrylyp-goýulýan diş gurnamalaryň daýanjy bolup durýar.

**Süňk bardasty implantlar ulanylanda geçirilýän amal.** Süňk bardasty implanty goýmakdaky hirurgik usulyň amal edilişi ýönekeý bolup, äň öýjükli ösüntgisiniň we bedeniniň süňküni ýalaňaçlamakdan durýar. Äňleriň, köplenç, aşaky äňiň gurluşynyň aýratynlyklaryny we olaryň muskullarynyň birleşiş ýagdaýlaryny nazara almak gerekdir. Olar implantlary berkitmäge päsgelçilik döredip biler. Şol sebäpli hem eňek-dil muskuly, eňegasty tümmejik we ş.m. ýaly gurluş taýdan emele gelen zatlaryň üstleri goparylmalydyr, implantyň gurnamasynyň kadaly berkidilmegi

üçin düzlenilmelidir. Ondan soňra alnan ölçeg we taýýarlanylan äň gaty nusgasy implantyň görnüşini kesgitlemäge ýol berýär. Äňleriň dişleýiş ýagdaýyndaky gaty nusgalaryna we diş gurnama ýa-da garşydaş dişlerden alnan nusga ortoped-lukman bilen bilelikde baha berýärler hem-de implantyň gurnamasyny, daýanç kellejikleriň sanyny we ýerleşişlerini, şeýle hem diş gurnamasynyň hemme aýratynlyklaryny kesgitleýärler. Käbir ýagdaýlarda ýarany wagtlaýyn tikýärler, 4-6-8 sagat geçenden soňra ýene-de açýarlar, implant gurnamasyny berkidýärler, süňk bardaly-nemli barda kesim bölegini ýerine goýýarlar we tikýärler.

Nemli bardanyň implant gazyklaryna bolan gatnaşygyna, onuň ýerleşişine üns berýärler we olaryň daş-töweregindäki artykmaç bölegini kesip aýyrýarlar. Wagtlaýynça diş gurnamasyny ýa-da gapajyk geýdirýärler we olary 6-8 hepde geçenden soň hemişelik diş gurnama çalyşýarlar. Başga usul boýunça ölçeg alnanyndan soňra ýarany 1-1,5 aýlap tikilgi goýýarlar we süňk bardasty implant taýýar edilenden soňra, ozalky ýara boýunça süňk dokumany açýarlar, implant gurnamasyny berkidýärler we şol bir düzgünler boýunça tikýärler, implant gazyklaryna wagtlaýyn diş gurnamasyny berkidýärler, soňra 2 aýdan soň hemişelik görnüşe çalyşýarlar. Hemişelik goýlan diş gurnamasy nemli barda bilen galtaşmaly bolýar. Amaldan soňraky hemme ýagdaýlarda näsaga 10-14 günüň dowamynda suwuk iýmit № 2 «äň» belgili suwuk berhiz iýmiti bilen naharlanmak maslahat berilýär.

Häzirki wagtda süňk bardasty implantlary kämilleşdirmegi dowam edýärler: birinjiden, bioaktiw maddalar bilen örtülen implant gurnamalary ulanýarlar; ikinjiden, äň süňküni açmazdan onuň kompýuter tomografiýa barlag usuly bilen süňküň ölçegini ýasap, äňleriň gaty ülňülerini döredýärler. Süňk bardasty implantlary aglaba ýagdaýlarda aşaky äňde ulanýarlar.

## 14.6. Implantlaryň başga görnüşleri

Diş implantlaryndan başga implantlary hem süňk içre, süňk bardasty implantlara bolan görkezmeler boýunça ulanýarlar. Tutuş süňkden geçýän, nemli barda içre, germewli we ş.m. gurnamalar teklip edilen. Aşaky äň öýjükli ösüntgisi güýçli çöken ýagdaýynda germewli implantyň ulanylmagy uly üns bermeklige mynasypdyr (Tatum H., 1990). Gurnama aşaky äň eňek bölegine girizilýän germew görnüşli merkezi süňk içre bölekden durýar. Süňke girmeýän böleginiň uçlary merkezi germewden gaýdýar, äň öýjükli ösüntgi böleginiň üsti boýunça gidýär we äň şahalarynyň töwereginde süňk içre edilip berkidilýär.

Implantasiýadan soňraky **gaýrüzülmeler** implantasiýa gurnamasyny gurşap alan dokumalar bilen aragatnaşyklarynyň häsiýeti bilen kesgitlenilýär. Olaryň biologik sygyşyklygy gerek we beýle bolmadyk ýagdaýda implant bilen gurşap alan süňküň süňk birleşmesi bolmaýar.

Implant goýulmasy ýalňyş usul we şikesli amala aşyrylanda, ýalňyş ortopedik bejergisinde, çişme hadysalar döräninde implantyň gopjak bolup duran ýagdaýynyň

döremegi mümkin. Munuň ýaly gaýrüzülmeleriň döremeginde dokumalaryň, şol sanda süňküň hem gyzmagynyň, agyz boşlugynyň we implantyň agyz içre böleginiň päkizesizliginiň, implantyň az ýa-da artykmaç çeýneýiş güýç görmeginiň uly ähmiýeti bar.

Ýerli we rentgen anyklaýyşdaky nätakyklyklar, implantasiýa wagty usuly ýalňyşlyklar ýokarky äň boşlugynyň, burun boşlugynyň deşilmegine, aşaky äň nerw ulgamynyň öýjükli ösüntginiň agyz bosaga ýa-da agyz içre diwarlarynyň deşilmegine getirip biler.

**Netijeler**. Näsagyň bedeniniň umumy ýagdaýyna, implantasiýanyň ýerli rentgen aýratynlyklaryna dogry baha berlende, implant gurnamasy dogry saýlanylyp alnanda, amalyň usuly dogry berjaý edilende we ortopedik bejergi dogry geçirilende amalyň netijeleri oňaýly bolup, implantyň hyzmat edýän döwri 10-15 ýyla ýetýär. Implantyň ortaça hyzmat edýän döwri 5-8 ýyl.

**Diş implantasiýasynda plastika usuly.** Diş implantasiýa amalynda garaşylmadyk ýagdaýlar – süňküň gabyk gatlagynyň iç ýa-da daş tarapynyň döwülmegi netijesinde onuň ýetmezçiligi ýa-da kemtigi bolup biler. Şunuň ýaly ýagdaýlarda öz süňküni ýa-da biomaddalar – osteoplastiki serişdeler ulanylýar. Implanta degýän nemli bardanyň töwereginde süňk ýetmezçiligi ýaly kemçilikleri düzetmek mümkindir. Bu maksat bilen ýörite siňýän özenli maddalary ulanýarlar. Biomaddalaryň diňe bir süňk bitmegine ýardam etmän, eýsem, çişme hadysalaryny hem aýyrýandyklary ýüze çykarylan.

H. Tatum (1992) soňraky diş implantasiýa üçin ýokarky äň boşlugynyň düýbüni galdyrmak boýunça özboluşly usullary teklip eden. Ol ýokarky äň öýjükli ösüntgisi has peselende we ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň golaý bolmagy ýa-da diňe nemli barda we süňk bardasyna degip duran ýagdaýynda görkezilendir. Ýokarky äň boşlugynyň galdyrylan aşaky böleginiň nemli bardasynyň aşagynda dörän boşluk osteoplastiki serişde bilen doldurylýar. Şeýle-de munuň ýaly amal burun girelgesiniň düýbüni galdyrmak üçin hem ulanylýar. «Ösdürilen» we ýeterlik derejede beýikligi we ini bolan süňk dokumasyna 5-6 aýdan implant girizýärler we amaldan soňra ýene 6 aý geçirip, diş gurnamasyny oturdýarlar.

Implantasiýa üçin biomaddalary – däne ýa-da özen görnüşde osteoplastiki serişdeleri, sintetiki maddalary süňk bardasty berkitmekde plastikanyň dürli usullaryny ulanýarlar (ýerli dokumalar bilen, erkin geçirilen deri kesim bölekleri bilen we ş.m.). Sintetiki maddalar diňe bir onuň beýikligini we inini artdyrmak bilen çäklenmän, eýsem, süňküň ýokary dykyzlylygyny döredýän hadysalary hem güýçlendirýär.

### 14.7. Äň-ýüz hirurgiýasynda implantasiýanyň başga usullary

Äň-ýüz hirurgiýasynda şikesler bolanda implantasiýa gurnamalary ulanylýar. Implantlar sözüň doly manysynda bedene berkidilýän hemme metal, biokompozit we süňk birleşdirmekde ulanylýan gurnamalardyr.

Süňk birleşdirmek üçin ulanylýan implantlaryň görnüşleri: hyrly çüýler bilen berkidilýän metal gurnamalar, kiçi plastinalar; süňk ýüzi boýunça girizilýän titan gurnamalary, şeýle hem çişler, simler, metal gazyklar, sintetiki we ş.m. maddalar-

dan bolan sapaklar, görnüşi ýadynda bolan demir kelepler. Süňk böleklerini berkitmek üçin süňk içre ulanylýan dürli implantlary, köplenç, süňk içre we süňküň ýüzi boýunça berkidilýän bölekler bilen utgaşdyrýarlar.

Soňky ýyllarda süňk birleşdirmede nurbatlar bilen berkidilýän kiçi plastinalar has giň gerim aldy (*269-njy a, b suratlar*). Gurnamalar titanyň esasyndaky erginden ýasalan. Mundan başga-da, süňk böleklerini berkitmek üçin uglerod esasly plastinalar ulanylýar.



*a)* *b)*

*269-njy a, b suratlar.* Äň-ýüz hirurgiýasynda ulanylýan implantasiýa gurnamalary: *a* – titan kiçi-plastina we onuň nurbatlary; *b* – aşaky äňiň bedeniniň tor şekilli titan implanty

Implantasiýa gurnamalary äň-ýüz töwereginiň dikeldiş amallarynda – äň emeli böleklerini ulanyp, aşaky äň plastikasynda, şeýle hem bogun ösüntginiň plastikasynda ulanylýar. Bogun ösüntginiň implant bilen plastikasy çekge-aşaky äň bognunyň ankilozynyň hirurgik bejergisinde üstünlik bilen ulanylýar.

Süňküň ýitirilen böleklerini dikeltmek üçin, aýratyn hem aşaky äň has uly kemtiklerinde, üstünlik bilen titanyň tor şekilli ýa-da poslamaýan poladyň esasyndaky erginden ýasalan bitewi gurnama (*270-nji surat*) ulanylýar. Ol aşaky äň kemtik ýeriniň ölçegi görnüşinde bolýar we näsagyň owradylan öz süňkünden, şeýle hem biologik maddalardan doldurylýar. Bu usul aşaky äň çişleri kesilip aýrylanda şol wagt geçirilýän plastikada ulanmakda öz ýerini tapýar.




*270-nji surat.* Aşaky äňiň bedeniniň we şahasynyň metal implant bilen plastikasy

Implant – nurbatlaryň kömegi bilen ýüzüň käbir synalarynyň we ýerleriniň emeli ýasalan görnüşlerini, synalaryny (emeli burun, gulak ýelkeni, göz, gabaklar, dodak we ş.m.) berkidýärler. Implantlaryň kömegi bilen berkidilýän ýüzüň synalaryny we belli-belli ýerlerini dikeltmek, aýratyn hem, howply çişi bolan näsaglaryň bejergisinde giň gerim alyp biljek usuldyr.

# ULANYLAN KÄBIR ADALGALARYŇ WE ADALGA-SÖZ BIRIKMELERIŇ TÜRKMENÇE-RUSÇA GYSGAÇA SÖZLÜGI

**A**

adam mugthor, antroponoz (adamda ýaşap mugthorlyk edýän) – **антропоноз, антропонозный, -ая, -ое**
adaty bejergi – **консервативное лечение**
adaty ölçeglerdäki görnüş – **макроскопически**
agyry aýryjy serişdeler – **анальгетики**
narkotiki agyry aýryjy serişdeler – **наркотические анальгетики**
agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumy – **синдром болевой дисфункции**
agyrysyzlandyrma – **обезболивание, анестезия**
çalyp siňdirme arkaly agyrysyzlandyrma – **аппликационное обезболевание**
iňňe sançmak bilen agyrysyzlandyrma – **обезболевание иглоукалыванием**
merkezi agyrysyzlandyrma – **центральное обезболевание**
sanjym arkaly agyrysyzlandyrma – **инъекционное обезболевание**
sebitleýin agyrysyzlandyrma – **регионарное (проводниковое) обезболевание**
ses bilen agyrysyzlandyrma – **аудиоанальгезия**
siňdirme arkaly agyrysyzlandyrma – **инфильтрационное обезболевание**
sowatmak arkaly agyrysyzlandyrma – **обезболевание охлаждением**
süňk içre agyrysyzlandyrma – **внутрикостное обезболевание**
süňk bardasty agyrysyzlandyrma – **поднадкостничное обезболевание**
sütün agyrysyzlandyrmasy – **стволовое обезболевание**
agyrysyzlandyryjy ergin – **раствор анестетика**
agyrysyzlyk ynamyny döretmek – **обезболевание гипнозом**
agyz bosagasy – **преддверие рта**
agyz guraklygy – **сухость рта, гипосаливация, ксеростомия**
agyz köpüklemegi – **молочница, кандидоз слизистой оболочки полости рта**
agyz suwlanmasy – **слюнотечение, гиперсаливация**
agyz uçuklamasy – **герпетическое поражение слизистой оболочки полости рта**
alamat – **симптом**
alamatlar toplumy – **синдром**
amal – **операция**
amal bejergisi – **оперативное лечение**
amal otagy – **операционный**
amal sekisi – **операционный стол**
anyklama – **диагностика**
deňeşdirme (tapawutlandyryş) anyklamasy – **дифференциальная диагностика**
anyklaýyş sanjymy – **диагностическая пункция**
aram – **среднее, терпимое**
aram uýgunlaşan – **субкомпенсированный, -ая, -ое**
aram ýokary – **субфебрильный, -ая, -ое**
atagzy – **щипцы**

**B**

bagjyk – **связка**

baglamak – **блокада, блокировать**

baldak şekilli kesim bölegi – **стебельчатый лоскут**

Filatowyň baldak şekilli kesim bölegi (Filatowyň baldagy) – **стебельчатый лоскут Филатова (Филатовский стебель)**

barlag üçin dokuma bölejigini kesip almak – **биопсия, проведение биопсии**

baş – **язва**

başaýlanma – **обморок**

bedeniň jana wajyp synalary – **жизненно важные органы организма**

bedeniň kesele garşy işjeňlik jogaby – **реактивность организма**

bedeniň kesele garşy pes işjeňlik jogaby – **гипергическая реактивность**

bedeniň kesele garşy kadaly işjeňlik jogaby – **нормергическая реактивность**

bedeniň kesele garşy ýokary işjeňlik jogaby – **гиперергическая реактивность**

berçik – **рубец**

bihuş etmek – **наркоз**

beze çişmesi – **рожистое воспаление**

bileleşen zeperlenme – **комбинированное поражение**

bir düzümli adenoma – **мономорфная аденома**

birleşdiriji dokuma displaziýasy – **фиброзная дисплазия**

birleşmeklik – **сращение, консолидация**

nädogry birleşmeklik – **неправильная консолидация**

haýal birleşmeklik – **замедленная консолидация**

bogun – **сустав**

bogun içre tegelek kekirdewük – **суставной диск**

ýalan bogun – **ложный сустав**

bozulan madda çalşygy – **нарушение обмена веществ**

bölek maňyzlylar – **сегментоядерные**

burun-dodak (burun-öýjükli ösüntgi) – **носо-губное (носо-альвеолярное), образование**

burun-kentlewük (alynky) akaba – **носо-небный (резцовый) канал**

buýnuzjyk – **чешуйка, чешуя**

buýnuzlaşma – **ороговение**

**Ç**

çaklama – **прогноз**

çalyp siňdirme – **аппликационное**

çapgyç – **долот**

çaşmaklyk – **коллапс**

çäklenen – **ограниченный**

çäklenen howply çiş öňýany ýokary buýnuzlaşma – **ограниченный предраковый гиперкератоз**

çet ýer – **периферическое, -ая**
çiş – **опухоль**
garyşyk çiş – **смещанная (полиморфная) опухоль**
howply çiş – **злокачественная опухоль**
howpsuz çiş – **доброкачественная опухоль**
mähnetöýjükli çiş – **гигантоклеточная опухоль**
nemli örtgi dokuma meňzeş çiş – **мукоэпидермоидная опухоль**
tüý özeniniň çişi – **опухоль волосяного матрикса**
çişe meňzeş kesel – **опухолевидное образование**
çişden gazap almak – **соскоб опухоли**
çişme hadysasy – **воспалительный процесс**
çişmä garşy – **противовоспалительный**
çöküp kiçelmek – **атрофия**
çuňňur deri gatlagy – **дерма, глубокий слой кожи**
çüýreme – **некроз, гниение**
çygly çüýreme – **влажный (колликвационный) некроз**
gury çüýreme – **сухой (коагуляционный) некроз**
çüýreme-zeperlenme – **гнилостно-некротический, -ая, -ое**
çüýrän süňk bölegi – **секвестр**
çüýrän süňk bölegini aýyrmak amaly – **операция секвестректомии**
çyban – **фурункул**
çykman galan diş – **непрорезавшийся (ретенированный) зуб**
çykyk – **вывих**
doly çykyk – **полный вывих**
doly däl çykyk – **неполный вывих**
endikleşen çykyk – **привычный вывих**
kakylan çykyk – **вколоченный вывих**
ýarym çykyk – **подвывих**
çyrşak ýokundy – **мазок отпечаток**

**D**
dem algyç yş – **жаберный, -ая, -ое**
dem algyç yş ýaýy – **жаберная дуга**
demikme – **асфиксия, удушье**
deme maddalaryň düşmegi netijesinde demikme – **аспирационная асфиксия**
gabsajykly demikme – **клапанная асфиксия**
gysylma demikmesi – **стенотическая асфиксия**
petiklenme demikmesi – **обструкционная асфиксия**
ýerinden süýşme demikmesi – **дислокационная асфиксия**
deri – **кожа**
derasty gatlak – **подкожная клетчатка**
derä meňzeş kista – **дермоидная киста**
deşik – **свищ, отверствие**

diş bejeriş oturgyjy – **зубоврачебное кресло**
diş eti – **десна**
diş etini kesip aýyrmak – **гингивоэктомия**
diş etini kesmek – **гингивотомия**
diş gyryjylar (buraw) – **зубные боры**
diş gyryjy enjam – **зубная бор машина**
diş saklaýan – **зубосодержащая (фолликулярная)**
diş sebäpli – **одонтогенный, -ая, -ое**
dodak çişmesi – **хейлит**
doga – **врожденный, -ая, -ое**
dokuma – **ткань**
dokuma barlagy – **гистологическое исследование**
muskul dokumasy – **мышечная ткань**
doragpisint dargama – **творожистый распад**
düwür-düwür dokuma – **грануляционная ткань**
dokuma gurluşy boýunça – **гистологически; гистологический, -ая, -ое**
örtgi dokumasy – **эпителиальная ткань**
dokuma sygyşyksyzlygy – **тканевая несовместимость**
dokumalaryň erkin geçirilmegi – **свободная пересадка тканей**
dokuzdonly – **карбункул**
döremeginiň sebäpleri – **этиология**
döwük – **перелом**
zeperlenme döwügi – **патологический перелом**
duýgurlygyň peselmegi – **сенсибилизация**
dürtgüç – **зонд**
dürtgüç bilen barlamak – **зондирование**
düwün – **узел**
düwünjik – **узелок (папула)**
düýpli amal – **радикальная операция**
düýpli bejergi – **радикальное лечение**
düzetmek – **исправление**

**E**

el barlagy – **пальпация, пальпаторное исследование**
elektroköýdürme – **электрокоагуляция**
elektrosiňdirme – **электрофорез**
emeli dem bermek – **искусственное дыхание**
emeli diş gurnama – **зубной протез**
eňek – **подбородок; подбородочный, -ая, -ое**
ereme görnüşi – **литическая форма**
eremeklik – **растворение, лизис**
esasöýjükli – **базальноклеточный**
esasy çeýneýiş muskuly – **собственно жевательная мыщца**
ezilmeklik – **мацерация**

**Ä**
äň – **челюсть**
äňleriň dartgynly ýapylmagy – **контрактура челюстей**
äňleriň gysylmagy – **сведение челюстей**
äňleriň ösüş nädogrulyklary – **аномалии развития челюстей**
äňleri üýtgedip gurmak amallary – **реконструктивные операции челюстей**
äň-ýüz töweregi – **челюстно-лицевая область**

**F**
fiziki bejergi – **физиотерапия**

**G**
iriňli gabarçak – **гнойничок**
gabarçak – **пузырь**
galkan şekilli-dil – **щитовидно-язычный, –ая, -ое; тиреоглоссальный, -ая, -ое**
gan – **кровь**
gan syworotkasy (aýrany) – **сыворотка крови**
gan aýran (serologik) barlagy – **серологическое исследование**
gan damar – **кровеносный сосуд**
gan damarlar boýunça daşgyn synalara ýaýramaklyk – **метастаза, метастазирование**
gan lagtaly bitik, tromboz – **тромбоз**
ganyň ak öýjükleri – **лейкоциты**
ganyň gyzyl öýjükleri – **эритроциты**
gaňyrgaç – **элеватор**
gatañsylyk – **уплотнение, инфильтрат**
gatlagara – dokuma bardasy – **фасция**
gatnaw şertlerindäki – **амбулаторный, -ая, -ое**
gaty nusga – **гипсовая модель**
gaýrüzülme – **осложнение**
gaýtalanma – **повторный, -ая, -ое; рецидив**
gazamak – **выскабливание**
gazap aýyrmak – **выскаблить, удалить выскабливанием**
gemre – **корка**
gän (limfa) suwuklygy – **лимфа**
gän (limfa) damary – **лимфатический сосуд**
gän (limfa) damar çişmesi, limfangit – **воспаление лимфатического сосуда; лимфангит**
gän (limfa) düwni – **лимфатический узел**
gän düwün çişmesi, limfadenit – **воспаление лимфатического узла; лимфаденит**
gän düwün sebäpli flegmona, adenoflegmona – **аденофлегмона**
goparyp aýyrmak – **вылущивание**
görk – **эстетический, -ая, -ое**
göwrüminiň artykmaç ulalmagy – **гипертрофия**

güberçejik – **бугорок**
güberçek – **бугор**
ýokarky äň güberçegi – **бугор верхней челюсти**
gyjynma jogap duýujylygy – **рефлекс**
gyraňly naýza şekilli – **штыковидный, -ая, -ое**
gyrmyzy gaýma – **красная кайма**
gyşarma deformasiýa, – **искривление**
doga gyşarma – **врожденная деформация**
gyşarma dörediji osteit (Pejetiň keseli) – **деформирующий остеит (болезнь Педжета)**
gyzgynlyk tutgaýlary – **тепловые судороги**
gyzgynlyk surnukdyrmasy – **тепловое изнурение**
gyzgynlyk urgusy – **тепловой удар**

**H**
hadysa – **явление, процесс**
hal – **невус**
hal-ýagdaý – **положение, состояние**
has ýokary ýygylykly – **ультравысокие частоты**
haýwan mugthor, zoonoz (haýwanda ýaşap mugthorlyk edýän) – **зооноз; зоонозный, -ая, -ое**
himiýabejergi – **химиотерапия**
himiýaserişde – **химиопрепарат**
hirurgik arassaçylyk – **хирургическая обработка**
giçki hirurgik arassaçylyk – **поздняя хирургическая обработка**
ikilenç hirurgik arassaçylyk – **вторичная хирургическая обработка**
ilkinji hirurgik arassaçylyk – **первичная хирургическая обработка**
howa düşmekligi – **эмфизема**
howply – **злокачественный, -ая, -ое**
howply çiş öňýany – **предраковый, -ая, -ое**
howply çiş öňýany kesel – **предраковая болезнь**
howpsuz – **доброкачественный, -ая, -ое**
hörezek – **дифтерия**
hytyrdy – **крепитация**

**I**
içine siňip ösýän – **инвазивный (инфильтративный) рост**
iki tarapy ugurdaş dörtburçluk – **трапеция**
ilkinji döreýişli – **первичный, -ая, -ое**
inçekesel – **туберкулез**
iňňe sançmak bilen – **инъекционный, -ая, -ое**
iriň – **гной**
iriň çykaryjy – **дренаж, гнойный выпускник**

iriň çykaryjy rezin turbajyklar – **трубчатые резиновые дренажи**
iriň çykaryjy rezin zolaklar – **плоские резиновые (перчаточные) дренажи**
işjeňlik – **функция**
işjeňlik bozulmasy – **нарушение функции**

**J**
janlandyryş – **реанимационный, -ая, ое**
janlandyryş çäreleri – **реанимационные мероприятия**
jaýryk – **трещина**

**K**
kakyp barlamak – **перкуссия**
kekirdek – **трахея**
kekirdek içre – **интратрахеальный, -ая, ое**
kemtik – **дефект**
doga kemtik – **врожденный дефект**
doga kemislilik – **врожденная аномалия, дефект**
soňra dörän kemtik – **приобретенный дефект**
kentlewük – **нёбо**
kesel alamatlary – **симптомы болезни**
kesel alamatlaryna garşy bejergi – **симптоматическое лечение**
kesel bölünişigi – **классификация болезней**
kesel döreýşi – **патогенез**
kesel esas ýagdaýy – **фоновое состояние**
kesel geçişi – **клиническое течение, клиника, течение болезни**
kesel görnüşi – **клинический вид**
kesel kesgitlemesi – **диагноз, диагноз болезни**
kesel sebäpleri – **причины болезни, этиология**
kesim – **разрез**
kesim bölegi – **лоскут**
aýaklyja kesim bölegi – **лоскут на ножке**
baldak şekilli kesim bölegi – **стебельчатый лоскут**
galyň deri kesim bölegi – **толстый кожный лоскут**
gatlaga bölünen deri kesim bölegi – **расщепленный кожный лоскут**
ýuka deri kesim bölegi – **тонкий кожный лоскут**
kesip aýyrmak – **иссечение, иссекать**
kesip ýarmak – **вскрытие, вскрывать**
kesmek – **1.разрезать; 2. струп**
kesmeklik – **разрезание; разрезать**
keşp – **внешний вид, внешность**
keşp bozulmasy – **эстетическое нарушение**
ketirdewük emele getiriji – **хрящеобразующий, -ая, -ое**
kök daşynyň yşy – **периодонтальная щель**

kömelejik – **грибок**
kömre dönen görnüş – **обугленный вид**
köşeşdiriji dermanlar – **транквилизаторы**
köýdürmek – **коагуляция; обугливание**

**L**
lagta – **сгусток**
gan lagtasy – **сгусток крови, тромб**

**M**
mala şekilli ýasyja gural – **шпатель**
maňyz – **ядро**
bölek maňyzly – **сегментоядерный, -ая, -ое**
taýajyk maňyzly – **палочкоядерный, -ая, -ое**
menek – **пятно; пигментный, -ая, -ое**
menekleşme – **пигментация**
merezýel – **сифилис**
dykyz merezýel başy – **твердый шанкр; сифилома**
ikilenç merezýel – **вторичный сифилис**
ilkinji merezýel – **первичный сифилис**
merezýel düwni – **гумма**
üçülenç merezýel – **третичный сифилис**
mähnetöýjükli – **гигантоклеточный, -ая, -ое**
müçükme – **ушиб**
mürüşdiriji – **склерозирующий, -ая, -ее**
mylkyk, pulpa – **пульпа**
diş pulpasy – **пульпа зуба**
muskul – **мыщца**
mylkyldy – флюктуация

**N**
narkotiki – **наркотический, -ая, -ое**
nebitdakyl – **озокерит**
nem – **слизь**
nem ýygnanan – **слизистая ретенционная**
nerw – **нерв**
nerw ulgamy – **нервная система**
çet ýer nerw ulgamy – **периферическая нервная система**
özbaşdak nerw ulgamy – **вегетативная (автономная) нервная система**
netijesi – **исход**
nikap – **маска**
nikaply bihuş etmek – **масочный наркоз**
nikaply – **масочный, -ая, -ое**

**O**

ok degen – **огнестрельный, -ая, -ое**
ok degen ýaralanma – **огнестрельное ранение**
oklawjyk – **валик**
onkologik hüşgärlik – **онкологическая настороженность**
oňaýly – **положительный, -ая, -ое; позитивный, -ая, -ое**
oňaýsyz – **отрицательный, -ая, -ое; негативный, -ая, -ое**
otbaş keseli – **сибирская язва**

**Ö**

öňüni alyş – **профилактика; предупреждение**
örtgi dokuma – **эпителиальная ткань**
ösüş nädogrulyklary – **аномалии развития**
öýjük – **1.клетка; 2.лунка**
öýjük barlagy – **цитологическое исследование**
öýjük derejesinde kiçi gurluşy boýunça – **клеточное строение; цитологически**
öýjükli ösüntgi – **альвеолярный отросток**
öýjük-öýjük – **кавернозный, -ая, -ое**
öýjük-öýjük gemangioma – **кавернозная гемангиома**
ösüş nädogrulygy – **аномалия развития**
özbaşdak nerw ulgamy – **вегетативная (автономная) нервная система**
özge jyns – **инородное тело**
özen dokuma – **паренхима**
özenara dokuma – **межклеточная ткань, интерстиций**
özüňden gitmek, şok – **терять сознание, шок**
özüňden gitmek ýagdaýy – **шоковое состояние**
anafilaksiýa şogy – **анафилактический шок**

**P**

pakgarçak – **волдырь**
peşehorda – **лейшманиоз; пендинская язва**
päki – **скальпель**

**R**

raga geçmäge pes derejeli ukyby bolan – **факультативный предрак**
raga geçmäge ýokary derejeli ukyby bolan – **облигатный предрак**
rahatlandyryjy dermanlar – **седативные препараты**
rentgen görkeziji serişde – **рентгеноконтрастное вещество**
rentgen surat – **рентгеновский снимок**
gözýetim şekilindäki rentgen surat – **панорамный рентгеновский снимок**

**S**

saglygyň dikeldilişi – **реабилитация**
saglyk barada wagyz-nesihat – **санитарное просвещение**

salkym şekilli – **гроздевидный, -ая, -ое**
sargy – **повязка**
sarsgyn – **сотрясение**
sebit, töwerek – **область, регион**
sebitleýin – **регионарный, -ая, -ое**
sebitleýin agyrysyzlandyrma – **регионарное (проводниковое) обезболевание**
seljeriş barlagy – **лабораторное исследование**
seňrik – **переносица**
serke (gulak ýelkeniniň öňündäki kekirdewük) – **козелок уха**
seýik – **шина**
direg egremli sim seýik **– проволочная шина с распорочным изгибом**
düz sim seýik – **гладкая проволочная шина**
ilgençekli sim seýik – **проволочная шина с крючками**
taýýar zolak şekilli seýik – **стандартная ленточная шина**
plastmassa seýik – **пластмассовая шина**
seýiklemek – **шинирование; шинировать**
siňip ösmeklik – **инфильтративный рост**
siňir – **сухожилие**
siňňil – **бородавка**
sowuk almaklygy – **отморожение**
sowuk täsiri – **криовоздействие**
sudur – **контур**
sudur plastikasy – **контурная пластика**
sussupeslik – **подавленность; депрессия**
suwjarýan çüýreme – **нома; водяной рак; влажная гангрена**
sülekeý, tüýkülik – **слюна**
sülekeý-daş – **слюнно-каменный, -ая, -ое**
süňk – **кость; костный, -ая, -ое**
süňk bardasy – **надкостница, периость**
süňk birleşdirme amaly – **остеосинтез (операция)**
süňk emele getiriji – **костеобразующий, -ая, -ое**
süňk giňelme kistasy – **аневризмальная костная киста**
süňkleşýän – **оссифицирующий, -ая, -ее**
süňk-ýilik – **костномозговой, -ая, -ое**
süňküň bitewi kistasy – **солиторная костная киста**
sypjyryk – **ссадина; эрозия**

**Ş**
şaha şekilli – **ветвистый, -ая, -ое**
şekil – **вид, рельеф**
şikes – **травма**
doga şikes, kemislilik – **врожденное уродство, аномалия**
doglandaky şikes – **родовая травма**

utgaşykly şikes – **сочетанная травма**
şöhle – **луч**
şöhle bejergisi – **лучевая терапия (рентгенотерапия)**
şöhle şekilli kömelejikler – **лучистые грибки, актиномицеты**

**T**

taraplary deň gönüburçluk – **квадрат**
tikin – **шов**
düwmeli tikin – **пластинчатые швы**
giçki tikin – **поздний шов**
gijikdirilen tikin – **отсроченный шов**
ikilenç tikinler – **вторичные швы**
ilkinji tikin – **первичный шов**
irki tikinler – **ранние швы**
togalak şekilli – **шаровидный, -ая, -ое**
tutgaýly agyry döredýän ýerler – **курковые (триггерные) зоны; зоны вызывающие приступы**
töwerek, sebit – **область**
tutuş ýaýran – **диффузный, -ая, -ое**
tüýkülik, sülekeý – **слюна**
tüýkülik-daş – **слюнно-каменный, -ая, -ое**

**U**

ulaldyjy enjam barlagy – **микроскопическое исследование**
ulaldyjy enjam barlagyndaky görnüş – **микроскопически**
ulgam – **система**
ulgamlaýyn – **системный, -ая, -ое**
utgaşykly – **сочетанный, -ая, -ое**
utgaşykly şikes – **сочетанная травма**
uýgunlaşan – **компенсированный, -ая, -ое**
uýgunlaşmasyz – **декомпенсированный, -ая, -ое**

**Ü**

üç şahaly – **тройничный, -ая, -ое**
üç şahaly nerw – **тройничный нерв**
üznüksiz – **хронический, -ая, -ое**

**W**

wenalaryň tromboflebiti (gan lagtaly çişmesi) – **тромбофлебит вен**

**Y**

ysmaz – **паралич**
doly ysmaz – **полный паралич**
doly däl ysmaz – **парез, неполный паралич**
ysyrgalyk – **мочка уха**
yzygiderli gözegçilik – **динамическое наблюдение; диспансерное наблюдение**

**Ý**

ýanyk – **ожог**
ýalňyş çykan diş – **неправильно прорезавшийся зуб, дистопированный зуб**
ýara – **рана**
ýarajyk – **афта**
ýaralanma – **ранение**
ýarçyk – **уздечка**
ýarym-ýiti – **подострый, -ая, -ое**
ýasy öýjükli – **плоскоклеточный, -ая, -ое**
ýatymlaýyn – **стационарный, -ая, -ое**
ýaýrañ – **распространенный, -ая, -ое; диффузный, -ая, -ое**
ýellenme – **припухлость; отек; отечность**
ýerli dokumalar – **местные ткани**
ýerli dokumalar bilen plastika – **пластика местными тканями**
ýiti – **острый, -ая, -ое**
ýokanç – **микроб; бактерия; инфекция**
ýokanç kesel – **инфекционная болезнь**
ýokanja garşy – **антибактериальный, -ая, -ое**
ýokanja garşy derman – **антибиотик**
ýokarky äň boşlugynyň çişmesi – **воспаление верхнечелюстной пазухи; гаймо-рит**
ýokarky äň boşlugynyň düýbüniň deşilmegi – **прободение (перфорация) дна верх-нечелюстной пазухи**
ýokary duýgurlyk ýagdaýy – **аллергия**
ýokundy – **налёт**
ýönekeýjeler – **простейшие**
ýumşak ýag gatlakly boşluklar – **клетчаточные пространства**
ýüregiň daşky owkalamasy – **наружный массаж сердца**
ýürek-öýken janlandyrmasy – **сердечно-легочная реанимация**
ýüz-keşp – **мимический, -ая, -ое; мимика**
ýüzleý bejergi – **паллиативное лечение**
ýüzleý deri gatlagy – **эпидермис**
ýylmaýjy – **гладилка**

**Z**

zeperlenmeden soňra dikelme – **репаративная регенерация**
zeperlenme – **поражение**
zeperlenme döwügi – **патологический перелом**
zähersizlendiriji bejergi – **дезинтоксикационная терапия**
zyýansyzlandyrma – **обеззараживание; стерилизация**
zyýansyzlandyryjy ergin – **антисептический раствор**

# GYSGALDYLAN SÖZLERIŇ SÖZLÜGI

AIDS – Alnan immun defisit sindromy
AIW – Adam immunýetmezçilik wirusy
ALB – Aýratyn lukmançylyk batalýony
ALT – Aýratyn lukmançylyk topary
B – birlik
BLN – Batalýonyň lukmançylyk nokady
BSGG – Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy
ÇHDGKB – Çişleriň halkara dokuma gurluş kesel bölünişigi
EÇT – Eritrositleriň çöküş tizligi
*g* – gram
*gerd* – gerdejik
GNL – Geliý-neon lazeri
*Gr* – Greý, bedene siňen şöhlelenme mukdarynyň ölçeg birligi
HB – Halkara birligi (şertli ölçeg)
HÝÝ – Has ýokary ýygylykly
*kV – kilowolt*
*mA – mikroamper*
*MB – mukdar birligi*
*mg – milligram*
*min – minut*
*mg/%- milligram-göterim*
*mg/kg- milligram-kilogram*
*ml – millilitr*
*ml/kg – millilitr-kilogram*
*mmol/l- millimol-litr*
*mm/sag – millimetr-sagat*
PLN – Polkuň lukmançylyk nokady
*Rad* – bedene siňen şöhlelenme mukdarynyň ölçeg birligi (100 *rad* = 1 *Gr*)
*sek – sekunt*
*sag – sagat*
*sm – santimetr*
Ş.b. – şertli birlik (ölçeg birligi)
TNM – latyn söz birikmesiniň gysgaldylmasy. T – tumor-çiş;
N- nodus-limfa (gän) düwün; M-metastazis – daşgyn synalara çişiň ýaýramagy
ZAG – zeperlenmäniň agyrlygynyň görkezijisi

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat. TDNG, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat. TDNG, 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I–X tomlar. Aşgabat. TDNG, 2010-2018.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – melhemler mekany. Aşgabat. TDNG, 2011.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat. TDNG, 2014.

6. Türkmenistanyň ilatynyň saglygyny goramakda ulanylýan esasy derman serişdeleriniň milli formulýary. Aşgabat. TDNG, 2011.

7. *Abu Aly ibn Sina.* Lukmançylyk ylmynyň kanunlary. Bäş tomluk. Aşgabat, 2004.

8. *Muhammet Gaýmaz* Türkmen. Pygamber tebipçiligi. Aşgabat. «Miras», 2005. 256 s.

9. *Seýit Ysmaýyl Gürgenli*. Tebipçiligiň ýan kitaby.Aşgabat, 1995.

10. *Jelaleddin Hydyr*. Dertlere derman. Aşgabat, 2012.

11. *Annaberdiýew S.D.* Hirurgik stomatologiýa (okuw kitaby). Aşgabat, 2007.

12. *Annaberdiýew S.D.* Stomatologiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

13. *Annaberdiýew S.D.* Gulak ysyrgalygynyň doga kemtiginiň dikeldiliş usuly. TDLI-niň ylmy-amaly maslahatynyň maglumatlary, 2005.

14. *Annaberdiýew S.D.* Kentlewük gorag plastinasynyň täze görnüşi. TDLI-niň ylmy-amaly maslahatynyň maglumatlary, 2000.

15. *Annaberdiýew S.D.*, *Pleskanowskaýa S.A.*, *Orazwaliýew A.I.* Operasiýadan soňky ýagdaýy çaklamagyň we äň-ýüz töweregindäki flegmonanyň netijesini kesgitlemekligiň usuly. Oýlap tapyş patenti, №192, 01.04.1999. Türkmenistan, OB №3(5) 1999.

16. *Annaberdiýew S.D.* Äň-ýüz töwereginiň flegmonasy bolan näsaglaryň ganynyň immunoglobulinleriniň görkezijileri. Türkmenistanyň lukmançylygy, 2013, №3.

17. *Annaberdiýew S.D.* Äň-ýüz töwereginiň şikesleriniň kliniki aýratynlyklary we bejergi usullaryny kämilleşdirmek. «Saglyk – 2014» atly Halkara lukmançylyk ylmy maslahatynyň nutuklarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2014.

18. *Annaberdiýew S.D.,Gurbansähedow A.A.* Ýatymlaýyn hirurgik stomatologik näsaglaryň düzümi we berilýän bejergi kömegini kämilleşdirmek. «Saglyk – 2014» atly Halkara lukmançylyk ylmy maslahatynyň nutuklarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2014.

19. *Annaberdiýew S.D.*, *Gurbansähedow A.A.* Äň-ýüz töwereginiň howpsuz çişleriniň kliniki we bejergi aýratynlyklary. «Saglyk – 2017» atly Halkara lukmançylyk ylmy maslahatynyň nutuklarynyň ýygyndysy. Aşgabat, 2017.

20. *Hanmämmedow N.M., Izmaýlow A.M.* we başg. Deri we weneriki keseller. Okuw kitaby. Aşgabat, 2010.

21. *Pleskanowskaýa S.A., Annaberdiýew S.D.* Näsaglaryň bedeniniň reaktiwliliginiň görnüşine baglylykda äň-ýüz sebitiniň flegmonalarynyň geçişiniň aýratynlyklary (usuly maslahatlar). Aşgabat, 2001.

22. *Агабалаев Н.А.* Применение озокерита в комплексном лечении одонтогенных флегмон подчелюстной области; дисс.канд.мед.наук. Ашхабад, 1971.

23. *Байрыев Ч.Б.* Озокерит в медицине. Ашхабад, «Туркменистан», 1971.

24. *Бегиев М.* Комплексное лечение больных с флегмонами челюстно-лицевой области: дисс.канд.мед. наук. М., 1979.

25. *Бернадский Ю.И.* Травматология и восстановительная хирургия черепно--челюстно-лицевой области. 3-е изд., перераб. и доп. М.: Медицинская литература, 1999. 456 с.

26. *Бернадский Ю.И.* Основы челюстно-лицевой хирургии и хирургической стоматологии. 3-е изд., перераб. и доп. М.: Медицинская литература, 2000. 416 с.

27. Военная стоматология. Учебник. Под ред. Г. И. Прохватилова. СПб.: ВМедА, ЭЛБИ-СПб, 2008. 504 с.

28. *Дадальян В. В.* Клинико-морфологическая характеристика рубцов лица после кожного лейшманиоза и их хирургическое лечение. Дисс. докт. мед. наук. М., 1971.

29. Детская хирургическая стоматология и челюстно-лицевая хирургия. Под. ред. Топольницкого О.З., Дьяковой С.В., Вашкевич В.П. М.: ГЕОТАР, 2011. 192 с.

30. *Казимов З.Д.* Переломы костей лица и организация травматологической стоматологической помощи в Туркменской ССР. дисс.канд.мед. наук. М., 1971.

31. *Каримов Ш.М.* Патоморфология и некоторые вопросы патогенеза кожного лейшманиоза. Дисс.докт. мед. наук. М., 1971.

32. *Мамедов К.* Применение озокерита в комплексном лечении одонтогенных и аденофлегмон челюстно-лицевой области у детей. Дисс.канд.мед. наук. Ашхабад, 1974.

33. *Мурадов Н.* Челюстно-лицевой травматизм и его профилактика, стационарная помощь больным с травмами челюстно-лицевой области в различных регионах Туркменистана. Дисс. канд.мед. наук. Алма-Ата, 1992.

34. *Овезов С.О.* Активное выявление и хирургическое лечение рубцовых деформаций лица после кожного лейшманиоза у детей. Дисс.канд.мед. наук. М., 1973.

35. *Оразвалиев А.И., Аннабердиев С.Д.* Индивидуальная небная пластмассовая шина-пластинка с внеротовыми рычагами для лечения переломов верхней челюсти по Ле Фор I, II, III. Удостоверение рац.предл. № 2851, 21.12.1994. НИИЦ АМНТ.

36. *Оразвалиев А.И.* Распространенность слюннокаменной болезни среди заболеваний слюнных желез. Здравоохранение Туркменистана. 1995. № 2, с.31–32.

37. *Пачес А.И.* Опухоли головы и шеи. М.: Медицина, 2000 г.

38. *Плескановская С.А.* Гранулоциты и гранулоцитарный индекс. Здравоохранение Туркменистана. 1997. №3, с.23–26.

39. Терапевтическая стоматология. Учебник. Под ред. Е.В. Боровского. М.: Медицина, 2003. 840 с.

40. *Фэлэйс Д.* Экстренная помощь в стоматологии: Пер. с англ. М.: Медицинская литература, 1999. 456 с.

41. Хирургическая стоматология. Учебник. Под ред. Т.Г. Робустовой. М.: Медицина, 2010. 688 с.

42. *Худайназаров Т.С.* Одонтогенные абсцессы и флегмоны.: Дисс. канд. мед. наук. М., 1970.

43. *www.rosmedlib.ru*

## MAZMUNY


Giriş ............................................................................................ 7

**I bap. Hirurgik stomatologiýa. Mazmuny we beýleki lukmançylyk ugurlary bilen baglanyşygy. Hirurgik stomatologiýanyň ösüş taryhy**

**II bap. Ilata hirurgik stomatologiýa kömeginiň guralyşy**

2.1. Ilata saglyk öýüniň (stomatologiýa merkeziniň) şertlerinde hirurgik stomatologiýa kömegini bermegiň guralyşy ............................................ 16

2.1.1. Hirurgik bölümiň (otagyň) enjamlaşdyrylyşy........................................ 19

2.1.2. Hirurgik bölümiň (otagyň) işiniň guralyşy ............................................ 19

2.1.3. Bejeriş işiniň guralyşy.................................................................... 20

2.1.4. Amal otagynyň işiniň guralyşy ............................................................ 21

2.2. Ýatymlaýyn bejergi geçirilýän hirurgik stomatologiýa bölüminiň işiniň guralyşy ............................................................................ 22

2.3. Terbiýeçilik işi.................................................................................. 23

2.4. Işiň hasabaty we derňewi ...................................................................... 23

**III bap. Hirurgik stomatologiýada näsagy barlamagyň, amal geçirmegiň aýratynlyklary we deontologiýa**

3.1. Hirurgik stomatologiýada näsaglary barlamak ......................................... 25

3.2. Äň-ýüz töwereginde amal geçirmekligiň aýratynlyklary .......................... 34

3.3. Hirurgik stomatologiýada deontologiýa.................................................. 40

**IV bap. Hirurgik stomatologiýada agyrysyzlandyrma**

4.1. Umumy agyrysyzlandyrma..................................................................... 42

4.1.1. Bihuş etmegi ýatymlaýyn bejergi bölüm ýagdaýynda geçirmek ............ 45

4.1.1.1. Näsagy bihuş etmäge taýýarlamak...................................................... 45

4.1.1.2. Kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmegiň aýratynlyklary.... 45

4.1.1.3. Kekirdek içre turbajyk salnyp geçirilýän bihuş etmäge bolan görkezmeler we garşy görkezmeler .................................................... 46

4.1.2. Stomatologiýa merkezinde bihuş etmegi geçirmek ................................ 47

4.1.2.1. Stomatologiýa merkezinde näsagy bihuş etmäge taýýarlamak ........... 47
4.1.2.2. Bihuş etmekligiň aýratynlyklary ........................................ 48
4.1.2.3. Bihuş etmäge bolan görkezmeler we garşy görkezmeler .................... 48
4.1.3. Bihuş etmek üçin ulanylýan derman serişdeler .................................. 49
4.1.4. Ýürek-öýken reanimasyýasynyň esaslary ............................................ 51
4.2. Ýerli agyrysyzlandyrma .................................................................... 55
4.2.1. Ýerli agyrysyzlandyrma üçin ulanylýan agyrysyzlandyryjylar ............. 56
4.2.2. Ýerli agyrysyzlandyryjylaryň täsirini uzaldyjy serişdeler ...................... 58
4.2.3. Agyrysyzlandyryjy erginleri saklamak ................................................. 59
4.2.4. Nowokainiň reňkli barlagy ................................................................. 60
4.2.5. Gurallar .......................................................................................... 60
4.3. Sanjymsyz agyrysyzlandyrma ............................................................. 61
4.3.1. Sowatmak arkaly agyrysyzlandyrma .................................................... 61
4.3.2. Çalyp siňdirme arkaly agyrysyzlandyrma ............................................ 61
4.4. Dişleriň we äňleriň nerw üpjünçiligi ..................................................... 62
4.5. Sanjym arkaly agyrysyzlandyrmanyň görnüşleri ..................................... 68
4.5.1. Sanjym arkaly siňdirme agyrysyzlandyrmasy ...................................... 68
4.5.1.1 Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň siňdirme agyrysyzlandyrmasy ........... 69
4.5.1.2. Öýjükli ösüntginiň nemli bardasty siňdirme agyrysyzlandyrmasy ...... 69
4.5.1.3. Süňk bardasty agyrysyzlandyrma ..................................................... 70
4.5.1.4. Süňk içre agyrysyzlandyrma ............................................................ 71
4.5.1.5. Diş bagjyk içre agyrysyzlandyrma .................................................... 71
4.6. Sebitleýin agyrysyzlandyrma ................................................................ 72
4.6.1. Ýokarky äňdäki sebitleýin agyrysyzlandyrmalar .................................. 72
4.6.1.1. Üç şahaly nerwiň ýokarky yzky öýjükli ösüntgi şahalarynyň agyrysyzlandyrmasy (güberçek agyrysyzlandyrmasy) ........................................... 72
4.6.1.2. Uly kentlewük nerwini baglamak (kentlewük agyrysyzlandyrmasy) ..................................................... 75
4.6.1.3. Burun-kentlewük nerwini baglamak (alynky agyrysyzlandyrma) ....... 75
4.6.2. Aşaky äňdäki sebitleýin agyrysyzlandyrmalar ...................................... 76
4.6.2.1. Aşaky äň deşiginiň ýanynda aşaky öýjükli ösüntgi nerwini baglamak (aşaky äň agyrysyzlandyrmasy) ........................................... 76
4.6.2. 2. Aşaky äň nerwini aşaky äň beýikligine baglamak ............................ 77
4.6.2.3. Eňek nerwini baglamak (eňek agyrysyzlandyrmasy) ......................... 78
4.6.2.4. Ýaňak nerwini baglamak (ýaňak agyrysyzlandyrmasy) ...................... 78
4.6.2.5. Dil nerwini baglamak (dil agyrysyzlandyrmasy) ................................ 79

4.7. Aşaky äň nerwiniň hereketlendiriş süýümlerini baglamak ........................ 79
4.8. Ýokarky äň we aşaky äň nerwleriniň sütün agyrysyzlandyrmasy ............ 80
4.8.1. Ýokarky äň nerwiniň ganat görnüşli-kentlewük çukurjygynda sütün agyrysyzlandyrmasy ........................................................................... 81
4.8.2. Aşaky äň nerwiniň süýri deşiginiň ýanynda sütün agyrysyzlandyrmasy ...... 82
4.9. Güýçlendirilen ýerli agyrysyzlandyrma................................................. 83
4.10. Ýerli agyrysyzlandyrmanyň gaýrüzülmeleri.......................................... 84
4.10.1. Ýerli agyrysyzlandyrmanyň ýerli gaýrüzülmeleri ............................... 84
4.10.2. Ýerli agyrysyzlandyrmanyň umumy gaýrüzülmeleri ........................... 85
4.11. Bile geçýän keseli bolan näsaglary amal geçirmäge taýýarlamak we agyrysyzlandyrmany saýlap almak ........................................................... 88

**V bap. Äňleriň öýjükli ösüntgisindäki amallar**

5.1. Diş sogurmak .......................................................................................... 96
5.1.1. Diş sogurmaga bolan görkezmeler we garşy görkezmeler ..................... 96
5.1.2. Diş sogurmagyň usuly.......................................................................... 97
5.1.3. Aýry-aýry topar dişleri sogurmagyň aýratynlyklary.............................. 101
5.1.4. Amaldan soňra ýara seredilişi ............................................................... 104
5.1.5. Dişleriň we kökleriň adaty däl sogrulyşy.............................................. 105
5.1.6. Diş sogurmak amalynyň gaýrüzülmeleri ............................................... 106
5.1.7. Diş sogrulanda döreýän ýerli gaýrüzülmelerde lukmanyň hereketleri ... 106
5.2. Periodontit we onuň amal bejergileri ...................................................... 109
5.2.1. Periodontidiň görnüşleri, onuň geçişi we rentgen anyklaýşy ................ 109
5.2.2. Ýiti we üznüksiz periodontidiň amal bejergileri.................................... 113
5.2.2.1. Emeli deşik döretmek ......................................................................... 114
5.2.2.2. Dişiň köküniň ujunyň kesilip aýrylmagy............................................ 114
5.2.2.3. Dişiň gemiseksiýasy we köküň amputasiýasy .................................... 116
5.2.2.4. Dişleri täzeden oturtmak amallary (replantasiýa we transplantasiýa) .... 117
5.3. Dişýany dokumalaryň keselleriniň amal bejergileri ................................ 118
5.4. Diş çykmaklygynyň keselleri we olaryň amal bejergileri......................... 123
5.4.1. Aşaky äňiň üçünji uly azysynyň kynlyk bilen çykmagy......................... 123
5.4.2. Çykman galan ýa-da ýarym çykan dişleri, şeýle hem ýalňyş çykan dişleri sogurmak................................................................................ 124

**VI bap. Äňleriň we äňýany dokumalaryň çişme keselleri**

6.1. Çişme keselleriň kesel bölünişigi............................................................. 126
6.2. Äňleriň diş sebäpli ýiti periostidi............................................................ 126
6.3. Äňiň üznüksiz periostidi ......................................................................... 130

6.4. Äňiň diş sebäpli osteomiýelidi ... 131
6.4.1. Äňleriň osteomiýelidiniň ýiti döwri ... 132
6.4.2. Äňleriň osteomiýelidiniň ýarym ýiti döwri ... 134
6.4.3. Äňleriň osteomiýelidiniň üznüksiz döwri ... 134
6.4.4. Äňleriň diş sebäpli osteomiýelidiniň bejergisi ... 136
6.5. Äň-ýüz töwereginiň absesleri we flegmonalary ... 140
6.5.1. Äň-ýüz töwereginiň absesleriniň we flegmonalarynyň geçiş-ýerleşiş häsiýetnamalary ... 140
6.5.2. Absesleriň we flegmonalaryň bejergisi ... 146
6.6. Ýüzüň we boýnuň limfangiti, limfadeniti hem-de adenoflegmonasy ... 162
6.6.1. Limfangit ... 164
6.6.2. Limfadenit ... 165
6.6.3. Adenoflegmona ... 167
6.6.4. Limfangitiň, limfadenitiň we adenoflegmonanyň bejergisi ... 168
6.7. Ýokarky äň boşlugynyň diş sebäpli çişmesi (sinusidi) ... 169
6.8. Ýüzüň we boýnuň aktinomikozy ... 174
6.9. Äň–ýüz töwereginiň inçekesel zeperlenmesi ... 177
6.10. Ýüzüň deri peşehordasy ... 181
6.11. Äň-ýüz töwereginiň merezýel zeperlenmesi ... 185
6.12. Ýüzüň çybany we dokuzdonlusy ... 189
6.13. Otbaş keseli ... 192
6.14. Ýüzüň beze çişmesi ... 194
6.15. Suwjarýan çüýreme (noma) ... 196
6.16. Hörezek (difteriýa) ... 198
6.17. Äň-ýüz töwereginiň we boýnuň çişme keselleriniň gaýrüzülmeleri ... 199
6.17. 1. Mediastinitler ... 199
6.17. 2. Ýüz wenalarynyň tromboflebiti. Gowakly (kawernoz) sinusyň trombozy ... 201
6.17. 3. Kelleçanak içre gaýrüzülmeler ... 202
6.18. Adam immunýetmezçilik wirus keseli ... 202

**VII bap. Tüýkülik mäzleriniň şikesleri, keselleri we zeperlenmeleri**
7.1. Tüýkülik mäzleriniň şikesleri ... 205
7.1.1. Tüýkülik mäzleriniň deşikleri ... 205
7.1.2. Tüýkülik akabasynyň daralmagy ... 207
7.1.3. Tüýkülik akabasynyň bitmegi ... 208

7.2. Tüýkülik mäzleriniň reaktiw-distrofiýa keselleri ..... 208
7.2.1. Agyz suwlanmasy ..... 208
7.2.2. Agyz guramasy ..... 209
7.2.3. Mikuliçiň keseli we alamatlar toplumy ..... 209
7.2.4. Gužeriň – Şegreniň keseli we alamatlar toplumy ..... 210
7.3. Tüýkülik mäzleriň çişme keselleri ..... 211
7.3.1. Epidemik parotit (hapgyrtma, gulakýany tüýkülik mäziň ýiti mahsusy çişmesi) ..... 211
7.3.2. Tüýkülik mäzleriň ýiti mahsusy däl çişmesi (mahsusy däl ýiti sialadenitler) ..... 213
7.3.2.1. Gulakýany tüýkülik mäziniň ýiti sialadeniti (parotiti) ..... 213
7.3.2.2. Äňasty tüýkülik mäziniň ýiti çişmesi ..... 215
7.3.3. Tüýkülik mäzleriň üznüksiz mahsusy däl çişme keseli ..... 216
7.4. Tüýkülik daş keseli ..... 218

**VIII bap. Äň – ýüž töwereginiň şikesleri we zeperlenmeleri**

8.1. Ýüzüň şikes zeperlenmelerini anyklamagyň umumy esaslary ..... 223
8.2. Äň-ýüz töwereginiň şikesi bolanlary ulagda alyp gitmek ..... 225
8.3. Äň-ýüz töweregi ýaralananlara wagtlaýyn (ulag) berkitmesini goýmak ..... 227
8.4. Dişleriň çykyklary we döwükleri ..... 228
8.4.1. Dişiň çykygy ..... 228
8.4.2. Dişiň döwükleri ..... 230
8.5. Äňleriň öýjükli ösüntgisiniň döwükleri ..... 231
8.6. Aşaky äň çykygy ..... 232
8.7. Äňleriň döwükleri ..... 235
8.7.1. Aşaky äň döwükleri ..... 235
8.7.2. Ýokarky äň döwükleri ..... 237
8.7.3. Äň döwükleriniň bejergisi ..... 238
8.7.4. Sim seýikler. Olary goýmaga degişli görkezmeler. Ýasalyşynyň we berkidilişiniň usuly ..... 242
8.7.5. Äň döwükleriniň bejergisiniň amal usullary ..... 246
8.8. Duluk süňküniň we duluk ýaýynyň döwükleri ..... 248
8.9. Burun süňkleriniň döwügi ..... 250
8.10. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň şikes ýaralary. Hirurgik arassalama geçirmegiň esaslary ..... 251
8.11. Äň-ýüz töwereginiň dokumalarynyň we synalarynyň utgaşykly şikesleri ..... 257
8.12. Äň-ýüz töwereginiň ok degen zeperlenmeleri ..... 259

8.12.1. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ok degen ýaralanmalary .................... 259
8.12.2. Äň-ýüz töwereginiň süňkleriniň ok degen ýaralanmalary ................... 261
8.12.2.1. Aşaky äň ok degen döwükleri ........................................................ 262
8.12.2.2. Ýokarky äň ok degen döwükleri .................................................... 263
8.12.2.3. Öýjükli ösüntginiň we dişleriň ok degen döwükleri ........................ 264
8.12.2.4. Duluk süňküniň ok degen döwükleri .............................................. 265
8.12.3. Ýüzüň we äňleriň ok degen zeperlenmeleriniň bejergisiniň aýratynlyklary ........................................................................................ 265
8.13. Äň-ýüz töwereginiň şikesi we zeperlenmesi bolan näsaglara seredilişi .. 269
8.14. Äň-ýüz töwereginiň şikesi we zeperlenmesi bolan näsaglaryň naharlanyşy ........................................................................................ 272
8.15. Äň-ýüz töwereginiň şikes zeperlenmeleriniň gaýrüzülmeleri ................ 273
8.15.1. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde şol wagt döreýän we irki gaýrüzülmeler ........................................................................................ 274
8.15.1.1. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde döreýän demikme (asfiksiýa), ýiti dem alyş ýetmezçiligi we öýken gaýrüzülmeleri ....................... 274
8.15.1.2. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde gan akmalar ................................ 276
8.15.1.3. Äň-ýüz töwereginiň zeperlenmelerinde şikes şogy we kelle-beýni zeperlenmeleri ........................................................................................ 279
8.15.2. Äň-ýüz töwereginiň şikeslerinde giçki gaýrüzülmeler ........................ 281
8.16. Äň-ýüz töwereginiň şikesi bolan näsaglaryň saglygynyň dikeldilişi ....... 287
8.17. Äň-ýüz töwereginiň şikesleriniň öňüni almak ....................................... 288

**IX bap. Ýüzüň ýanyklary, sowuk almaklygy we bileleşen zeperlenmeleri**
9.1. Ýüzüň ýanyklary ........................................................................................ 289
9.1.1. Gyzgynlyk netijesinde döreýän ýanyklar ............................................... 289
9.1.2. Elektroýanyklar ........................................................................................ 297
9.1.3. Himiki ýanyklar ........................................................................................ 299
9.1.4. Ýüzüň Gün şöhlesi zerarly ýanyklary ................................................... 300
9.2. Ýüzüň sowuk almagy ................................................................................ 301
9.3. Ýüzüň we agyz boşlugynyň synalarynyň bileleşen (kombinirlenen) şöhlelenme zeperlenmeleri ........................................................................ 304

**X bap. Ýüzüň we äňleriň nerw keselleri**
10.1. Ýüzüň we äňleriň duýgurlyk nerwleriniň keselleri ................................ 308
10.1.1. Üç şahaly nerwiň newralgiýasy ........................................................... 308

10.1.2. Üç şahaly nerwiň newridi ........ 310
10.1.3. Dil-damak nerwiniň newralgiýasy ........ 311
10.2. Ýüzüň hereketlendiriş nerwleriniň keselleri ........ 312
10.2.1. Ýüz nerwiniň zeperlenme alamatlar toplumy (newropatiýasy) ........ 312
10.2.2. Ýüzüň gemispazmy (ýüzüň ýarty böleginiň ýygrylmasy) ........ 315
10.2.3. Üç şahaly nerwiň hereketlendiriş süýümleriniň zeperlenmeleri ........ 316
10.3. Wegetalgiýalar ........ 316
10.3.1. Ýüzüň damar agyrylary ........ 316
10.3.2. Stomalgiýa (glossalgiýa, glossodiniýa) ........ 318
10.3.3. Ýüzüň özbaşdak ( wegetatiw) nerw düwünleriniň (gangliýalarynyň) zeperlenmeleri ........ 319

**XI bap. Çekge-aşaky äň bognuň zeperlenmeleri we keselleri**

11.1. Çekge-aşaky äň bognuň agyryly işjeňlik bozulma alamatlar toplumy ........ 321
11.2. Çekge- aşaky äň bognuň çişme keselleri (artritleri) ........ 322
11.3. Çekge-aşaky äň bognuň artrozy ........ 324
11.4. Äňleriň gysylmaklygy ........ 325
11.4.1. Äňleriň dartgynly ýapylmaklygy (trizmler) ........ 325
11.4.2. Äňleriň bertik kontrakturasy ........ 326
11.4.3. Äňleriň süňk kontrakturasy ........ 327
11.4.4. Çekge-aşaky äň bognuň ankilozy ........ 328

**XII bap. Ýüzüň, agyz boşlugynyň synalarynyň, äňleriň we boýnuň çişleri, çişe meňzeş keseller we kistalar**

12.1. Ýüzüniň, agyz boşlugynyň synalarynyň, äňleriniň, boýnunyň çiş öňýany we çiş zeperlenmeleri bolan näsaglaryň bejergisiniň guralyşy hem-de yzygiderli gözegçiligi ........ 331
12.2. Ýüzüň derisiniň, dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynyň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň howply çiş öňýany keselleri ........ 332
12.2.1. Boueniň keseli ........ 334
12.2.2. Dodagyň gyrmyzy gaýmasynyň siňňilli howply çiş öňýany keseli ........ 335
12.2.3. Dodaklaryň gyrmyzy gaýmasynyň çäklenen howply çiş öňýany ýokary buýnuzlaşmasy ........ 335
12.2.4. Manganottiniň abraziw howply çiş öňýany heýlidi ........ 335
12.2.5. Leýkoplakiýa ........ 336
12.2.6. Buýnuzlaşýan papilloma we papillomatoz ........ 337

12.2.7. Keratoakantoma ........................................................................ 337
12.2.8. Howpsuz ýasy öýjükli keratoz (keratotiki papilloma) ......................... 338
12.2.9. Şöhleden soňraky stomatit we dodak çişmesi ..................................... 338
12.2.10. Ulgamlaýyn gyzylgurt keseli ýa-da ulgamlaýyn nagralaýan gyrmyzylyk ........................................................................ 339
12.2.11. Gyzyl tekiz demrew keseli ............................................................... 339
12.3. Köpgatly ýasy örtgi dokumadan başlanan agyz boşlugynyň we äňleriň nemli bardasynyň çişleri hem-de çişe meňzeş keselleri ............. 340
12.3.1. Ýasy öýjükli papilloma ....................................................................... 340
12.3.2. Emzijekli giperplaziýa ......................................................................... 341
12.3.3. Ýasy öýjükli kanser .............................................................................. 341
12.3.3.1. Dodagyň kanseri ............................................................................... 344
12.3.3.2. Diliň kanseri ..................................................................................... 346
12.3.3.3. Agyz boşlugynyň nemli bardasynyň kanseri ...................................... 348
12.3.3.4. Ýaňagyň nemli bardasynyň kanseri .................................................. 349
12.3.3.5. Aşaky äňiň kanseri ........................................................................... 349
12.3.3.6. Ýokarky äň kanseri ........................................................................... 351
12.4. Diş sebäpli çişler, äňleriň çişe meňzeş keselleri we kistalary ................. 354
12.4.1. Diş sebäpli çişler we çişe meňzeş keseller ........................................... 355
12.4.1.1. Ameloblastoma ................................................................................ 355
12.4.1.2. Ameloblastiki fibroma ...................................................................... 357
12.4.1.3. Çylşyrymly we düzümli odontoma .................................................... 357
12.4.1.4. Sementomalar .................................................................................. 358
12.4.1.5. Miksoma (miksofibroma) .................................................................. 360
12.4.2. Äňleriň diş sebäpli kistalary ................................................................. 360
12.4.2.1. Kök kistasy ....................................................................................... 360
12.4.2.2. Ilkinji döreýişli kista (keratokista) ..................................................... 362
12.4.2.3. Diş saklaýan kista ............................................................................. 363
12.4.2.4. Diş çykmagynyň kistasy we diş etiniň kistasy ................................... 364
12.4.2.5. Äň kistalarynyň bejergisi ................................................................... 364
12.5. Tüýkülik mäzleriň çişleri, çişe meňzeş keselleri we kistalary ................ 369
12.5.1. Tüýkülik mäzleriň çişleri ..................................................................... 369
12.5.1.1. Garyşyk çiş (pleomorf adenoma) ........................................................ 370
12.5.1.2. Bir düzümli (monomorf) adenoma .................................................... 372
12.5.1.3. Nemli örtgi dokuma meňzeş (mukoepidermoid) çiş ........................... 373
12.5.1.4. Adenokistoz karsinoma ..................................................................... 373

12.5.1.5. Adenokarsinoma we ş.m. howply çişler ........................................ 374
12.5.2. Tüýkülik mäzleriniň kistalary .......................................................... 375
12.5.2.1. Nem ýygnanan (retension) kista ................................................... 375
12.5.2.2. Dilasty tüýkülik mäziň kistasy (diliň gurbagasy (ranula)).............. 376
12.5.2.3. Äňasty tüýkülik mäziň kistasy ........................................................ 376
12.5.2.4. Gulakýany tüýkülik mäziň kistasy ................................................. 377
12.6. Deri çişleri, çişe meňzeş keseller we ýüzüň kistalary ........................... 377
12.6.1. Deri çişleri we çişe meňzeş keselleri ................................................ 378
12.6.1.1. Bazalioma (esas öýjükli kanser) .................................................... 378
12.6.1.2. Ýasy öýjükli kanser........................................................................ 379
12.6.1.3. Tüý özeniniň çişi (Malerbonyň hekleşme epiteliomasy) ................ 379
12.6.1.4. Rinofima......................................................................................... 379
12.6.1.5. Hal (*newus*) .................................................................................. 380
12.6.1.6. Howply melanoma ......................................................................... 381
12.6.1.7. Ýüzleý deri gatlak (epidermoid) kistasy ......................................... 382
12.6.2. Ýüzüň kistalary ................................................................................. 382
12.6.2.1. Derä meňzeş (dermoid) kista .......................................................... 382
12.6.2.2. Ýüzüň we boýnuň doga kistalary we deşikleri ............................... 383
12.6.2.2.1. Dem algyç yş kistalar we deşikler .............................................. 384
12.6.2.2.2. Galkan şekilli dil kistasy we deşigi.............................................. 386
12.6.2.2.3. Aşaky dodagyň deşigi ................................................................. 387
12.7. Ýumşak dokumalaryň çişleri ............................................................... 388
12.7.1. Birleşdiriji dokumanyň çişleri we çişe meňzeş keselleri .................... 388
12.7.1.1. Fibroma.......................................................................................... 388
12.7.1.2. Fibromatoz ..................................................................................... 389
12.7.1.3. Epulis ............................................................................................ 390
12.7.1.4. Fibrosarkoma ................................................................................. 392
12.7.2. Ýag dokumasynyň çişleri we çişe meňzeş keselleri ........................... 392
12.7.2.1. Lipoma ........................................................................................... 392
12.7.2.2. Tutuş ýaýran lipomatoz.................................................................. 392
12.7.3. Muskul dokumasynyň çişleri ............................................................ 393
12.7.4. Gan damarlaryň çişleri we çişe meňzeş keselleri .............................. 393
12.7.4.1. Gemangioma .................................................................................. 393
12.7.4.2. Ulgamlaýyn gemangiomatoz .......................................................... 396
12.7.4.3. Düwür-düwür dokuma görnüşli «gemangioma» ............................. 396
12.7.5. Limfa damarlaryň çişleri we çişe meňzeş keselleri ........................... 396

12.7.6. Çet ýer nerwleriň çişleri we çişe meňzeş keselleri ............................. 397
12.7.6.1. Neýrofibromatoz (Reklingauzeniň keseli) ....................................... 397
12.7.6.2. Şikes newromasy ........................................................................ 398
12.8. Äňleriň süňk çişleri, çişe meňzeş keselleri we örtgi dokuma
(diş sebäpli däl) kistalary ............................................................................ 399
12.8.1. Süňk emele getiriji çişler ................................................................ 399
12.8.1.1. Osteoma ...................................................................................... 399
12.8.1.2. Osteoid – osteoma we osteoblastoma ............................................ 400
12.8.1.3. Süňkleşýän fibroma (fibroosteoma) ................................................ 401
12.8.1.4. Osteosarkoma ............................................................................... 402
12.8.2. Ketirdewük emele getiriji çişler ....................................................... 403
12.8.2.1. Hondroma .................................................................................... 403
12.8.2.2. Osteohondroma (süňk-ketirdewük ekzostozy) ................................ 404
12.8.2.3 Hondrosarkoma ............................................................................... 405
12.8.3. Mähnetöýjükli çiş (osteoklastoma) .................................................. 406
12.8.4. Süňk-ýilik çişleri ............................................................................. 408
12.8.5. Damar çişleri .................................................................................. 409
12.8.6. Beýleki birleşdiriji dokuma çişler we başga çişler ............................ 410
12.8.7. Çişe meňzeş keseller ....................................................................... 411
12.8.7.1. Birleşdiriji dokuma (fibroz) displaziýasy ........................................ 412
12.8.7.2. Eozinofil granulýoma ..................................................................... 414
12.8.7.3. Merkezi mähnetöýjükli granulýoma (mähnetöýjükli zeperlenmeden
soňra dikelmek granulýomasy, merkezi mähnetöýjükli (reparatiw)
granulýoma) .............................................................................................. 416
12.8.7.4. Giperparatireodizmiň «goňur çişi» ................................................. 416
12.8.7.5. Gyşarma dörediji osteit (deformirleýji osteit, Pejetiň keseli) ........... 417
12.8.7.6. Süňküň giňelme we bitewi kistasy ................................................. 419
12.8.8. Örtgi dokuma (diş sebäpli däl) kistalary .......................................... 419
12.8.8.1. Burun-kentlewük (alynky) akabanyň kistasy .................................. 420
12.8.8.2. Togalak şekilli ýokarky äň kistasy .................................................. 420
12.8.8.3. Burun-dodak (burun-öýjükli ösüntgi) kistasy ................................. 421
12.9. Äňlerde çiş we çişe meňzeş kesel bolanda geçirilýän amal görnüşleri ... 421
12.9.1. Äňlerdäki çiş boýunça geçirilýän amallar .......................................... 422
12.9.2. Çişiň sebitleýin ýaýrama ýollaryndaky amallar ................................. 425
12.9.2.1. Agyz boşlugynyň düýbüniň dokumalaryny toplumlaýyn
kesip aýyrmak (Wanahyň amaly) ............................................................... 426

12.9.2.2. Boýnuň ýarpy tarapynyň dokumalaryny toplumlaýyn kesip aýyrmak (Kraýlyň amaly) ... 427
12.10. Çiş keselli näsaglaryň amaldan soňraky döwrüniň geçişiniň we olara gözegçiligiň aýratynlyklary ... 429
12.11. Äň-ýüz töwereginiň çişi bolan näsaglaryň saglygynyň dikeldilişi ... 430

**XIII bap. Ýüzüň we äňleriň dikeldiş hirurgiýasy**

13.1. Dikeldiş amallaryny meýilleşdirmek ... 436
13.2. Ýerli dokumalar bilen plastika ... 438
13.3. Aýaklyja kesim bölegi bilen plastika ... 441
13.4. Filatowyň baldak şekilli kesim bölegini ulanmak arkaly ýüzde geçirilýän dikeldiş amallary ... 444
13.5. Dokumalaryň erkin geçirilmegi ... 447
13.5.1. Deriniň erkin geçirilmegi ... 449
13.5.2. Ketirdewügiň geçirilişi ... 451
13.5.3. Aşaky äňiň süňk plastikasy ... 452
13.6. Ýüzüň ýumşak dokumalarynyň soňra dörän kemtiklerini düzetmek ... 457
13.6.1. Dodaklaryň kemtikleri ... 457
13.6.2. Eňek we ýaňak töwerekleriniň uly kemtikleri ... 458
13.6.3. Agyz ýşynyň berçik netijesinde daralmagy ... 459
13.6.4. Burnuň kemtikleri ... 460
13.7. Äňleriň gyşarmalarynyň we ösüş nädogrulyklarynyň hirurgik bejergisi ... 462
13.7.1. Aşaky äňiň gyşarmalarynyň düzedilişi. ... 463
13.7.2. Ýokarky äňiň gyşarmalarynyň düzedilişi ... 465
13.8. Emeli diş gurnamasyny salmak üçin geçirilýän agyz boşlugynyň hirurgik taýýarlygy ... 466
13.8.1. Äňleriň süňk dokumalaryndaky amallar. ... 467
13.8.2. Agyz boşlugynyň ýumşak dokumalarynda geçirilýän amallar ... 470
13.8.3. Ortopedik bejerginiň öňünden geçirilýän başga hirurgik bejergi usullary ... 475

**XIV bap. Diş we äň-ýüz implantasiýasy**

14.1. Diş implantasiýasyna bolan görkezmeler we garşy görkezmeler ... 482
14.2. Implantasiýada anyklaýyş ... 483
14.3. Implantasiýanyň esasy meseleleri ... 483

14.4. Süňk içre implantasiýa ........................................................................ 485
14.4.1. Düz implantlar ........................................................................ 485
14.4.2. Silindr şekilli implantlar ........................................................................ 486
14.5. Süňk bardasty implantlar ........................................................................ 488
14.6. Implantlaryň başga görnüşleri ........................................................................ 489
14.7. Äň-ýüz hirurgiýasynda implantasiýanyň başga usullary ........................ 490

Ulanylan käbir adalgalaryň we adalga-söz birikmeleriň türkmençe-rusça gysgaça sözlügi ........................................................................ 492

Gysgaldylan sözleriň sözlügi ........................................................................ 504

Peýdalanylan edebiýatlar ........................................................................ 505

*Seiddurdy Annaberdiýew*

# Hirurgik stomatologiýa

Täzeden işlenen ikinji neşir

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Aşyrowa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Korotkowa, A. Rudenko,* |
| | *B. Saryýew, H. Altybaýew* |
| Neşir üçin jogapkär | *H. Jumaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 05.06.2019. Ölçegi 70x100 $^{1}/_{16}$
Times New Roman garniturasy. Şertli çap listi 41,93. Şertli-reňkli ottiski 114,25.
Çap listi 32,5. Hasap-neşir listi 37,33.
Sargyt № 1832. Sany 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.